**A. A. Nohurow**

# PSIHIATRIÝA

Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2013

UOK 616. 89 + 378
N 75

**Nohurow A. A.**
N 75 **Psihiatriýa.** Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Bu okuw kitabynyň mazmuny psihiatriýa dersi boýunça tassyklanylan okuw maksatnamasyna, keselleriň halkara klassifikasiýasynyň 10-njy gaýtadan gözden geçirilişine doly laýyk gelýär. Kitapda diňe bir psihiki kesellere mahsus bolan alamatlar we alamatlar toplumy beýan edilmän, onda somatiki kesellerde duşýan psihiki özgermeler hakda hem durlup geçilýär. Şeýle-de, dürli ýaşlardaky psihiki we özüňi alyp baryş bozulmalarynyň nazaryýeti we klinikasy boýunça häzirkizaman maglumatlary ýerleşdirilýär. Esasan, umumy lukmançylyk tejribesinde gabat gelýän psihiki bozulmalara üns berilýär.

Kitap Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyplaryna, şeýle-de psihiatr, narkolog we maşgala lukmanlaryna niýetlenendir. Ondan hukuk goraýyş edaralarynyň işgärleri-de peýdalanyp bilerler.

TDKP №71, 2013 KBK 56. 14 ýa 73

© A.A. Nohurow, 2013.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Bu okuw kitaby psihiatriýa dersi boýunça tassyklanylan okuw maksatnama, keselleriň halkara klassifikasiýasynyň 10-njy gaýtadan gözden geçirilişine laýyklykda ýazyldy. Okuw kitaby taýýarlanylanda psihiatriýa dersinden okatmagyň köpýyllyk tejribesi we psihiki bozulmalaryň etiologiýasy, patogenezi, kliniki ýüze çykmalary, anyklanylyşy we bejeriliş usullary baradaky soňky maglumatlar göz öňünde tutulandyr.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz halkymyzy sagdyn durmuş şertlerinde ýaşatmak, genofondymyzyň arassalygyny gorap saklamak, ruhy we fiziki taýdan sagdyn nesli kemala getirmek barada uly çäreleri geçirýär. Şeýle-de, türkmen ylmynyň dünýäniň ösen ýurtlarynyň ylmy bilen deň gadam urmagy babatda uly tagallalar edýär. Şu okuw kitaby hem hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ylym-bilimini ösdürmek barada döredýän giň mümkinçilikleri esasynda çapa taýýarlanyldy.

Okuw kitabynda keseliň kesgidini goýmak işinde umumy psihopatologiýanyň hyzmaty we tutýan orny görkezilip, psihiatriki semiotika (keseliň alamatlary) baradaky maglumatlar, şeýle-de şahsyň pozitiw (položitel – oňaýly) hem negatiw (otrisatel – oňaýsyz) psihopatologik alamatlar toplumy we näsaglygyň esasy görnüşleri tertibe salnyp, ulgamlaşdyryldy.

Okuw kitabynda wajyp psihiki ugurlar (konsepsiýalar) we häzirkizaman patomorfozyndaky psihiki bozulmalaryň kliniko-dinamiki kanunalaýyklyklary öz beýanyny tapdy. Dürli somatiki kesellerdäki, umumy we beýleki infeksiýalardaky, zäherlenmelerdäki biologiki we psihologiki patogen faktorlaryň täsiri bilen ýüze çykýan psihiki bozulmalara üns berildi. Gaýragoýulmasyz psihiatriýa we psihiatriýa seljermesi aýratyn orny eýeleýär.

Şeýle-de, onda çagalyk we ýetginjeklik ýaşlarynda başlanýan psihiki we özüňi alyp baryş bozulmalaryna bagyşlanan bölümler bar. «Psihiki patologiýa görnüşde ýüze çykýan fiziki faktorlar bilen baglanyşykly fiziologiki funksiýalaryň we özüňi alyp baryş sindromlaryň bozulmasy» diýen bölüm bolsa, dürli hünärdäki geljekki lukmanlar üçin uly ähmiýete eýe bolar.

Kitapda depressiýa we şizofreniýa ýaly wajyp bozulmalar hakynda hem giňişleýin durlup geçilýär. Newrotiki bozulmalara bagyşlanan bölümine newrozlaryň adaty görnüşlerinden başga-da, şikeslenmeden soňky stres bozulmalary, ipohondri-

ki we somatogen bozulmalar goşuldy. Psihiki bozulmalaryň psihotrop serişdeleri we beýleki usullar bilen bejergisine aýratyn bir bölüm bagyşlandy.

Keselleriň klinikasyna bagyşlanan bölümler dürli psihiki bozulmalaryň ýüze çykarylyşyny we anyklanylyşyny açyp görkezýär. Bu okuw kitabynda psihiki näsaglaryň bejeriliş düzgünleri (prinsipleri), psihotrop serişdeleriniň we psihoterapiýanyň ulanylyş usullary giňişleýin beýan edilýär. Bu usullary bilmek we iş tejribede ulanmak diňe bir psihiatrlar üçin däl-de, eýsem, dürli hünärdäki lukmanlar, esasan hem maşgala lukmanlary üçin zerurdyr.

Okuw kitaby Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyplaryna niýetlenip, ol kliniki ordinatorlar, aspirantlar, internalar, psihiatr lukmanlar we beýleki hünärdäki lukmanlar üçin gollanma bolup hyzmat eder.

# I bölüm PSIHIATRIÝANYŇ PROPEDEWTIKASY

## 1-nji bap. Psihiatriýanyň esasy aýratynlyklary we onuň beýleki lukmançylyk ugurlarynyň arasyndaky orny

Psihiatr däl lukmanlar psihiatriýada ulanylýan barlag we anyklaýyş usullaryna sowuk-sala garaýarlar. Olary subýektiw hasaplaýarlar. Hakykatdan-da, psihiki näsaglarda parakliniki barlaglaryň maglumatlaryny almak çäkli.

Häzirki döwürde parakliniki gözlegleriň mümkinçiligine, olaryň ynamdarlygyna, takyklygyna uly baha berilýär. Psihiatriýada bolsa psihiki bozulmalary öwrenmekde kliniki-psihopatologiýa usuly giňden ulanylýar.

Lukmançylyk ugurlarynyň içinde psihiatriýa kliniki usulyň ähmiýetini ýitirmän, saklan ýeke-täk usuldyr. Näsaglaryň psihiki ýagdaýlaryna baha bermek üçin gürrüňdeşlige, anamnezini doly ýygnamaklyga, ony tanaýan adamlaryň maglumatlaryna esaslanylýar. Bu maglumatlar obýektiw diýlip atlandyrylýar. Näsaga yzygiderli gözegçilik etmek bilen ýüze çykarylýan alamatlar hem bar (katatoniki stupor, özüni alyp baryş bozulmalary, gürleýşiň bozulmasy). Beýleki bozulmalar bolsa näsagdan ýa-da lukmandan alnan maglumatlara esaslanýar. Depersonalizasiýa, pikirleriň açyklygy, öz janyňa kast etmek pikirleri näsagyň lukmana berýän maglumatlarynyň kömegi bilen anyklanylýar.

Kliniko-psihopatologiýa usulynyň inçeligi we giňişleýinligi bilen tapawutlanýandygyny belläp geçmeklik zerur. Ol takyk işlenen we beýleki lukmançylyk hünärleri bilen deňeşdireniňde psihiatriýanyň anyklanylyşynda dogry maglumat berýär. Psihiki näsaglary bejermegiň usullary hem özboluşlydyr. Ýagny näsaga elektrosudorogly terapiýa ulanylyp, onda beýnä güýçli, gysga impulsly elektrik togy bilen täsir edilip, onda tutgaý tutduryp bejeripdirler. Şeýle-de, insuliniň az mukdaryny ýuwaş-ýuwaşdan köpeldip, näsagda komany döredip, ony keselinden açypdyrlar. Başga-da piro we malýaroterapiýa bilen psihiki näsagy bejeripdirler. Ýokarda aýdylanlar garaguş agyry görnüşli tutgaýyň ýüze çykmagyna getirip biler.

Psihiatriýany umumy mesele bilen baglanyşdyrýan somatopsihika aýratyn üns berilýär. Somatiki kesellerde psihiki bozulmalaryna çenli ýetýän dürli psihiki işjeňliginiň bozulmalary ýüze çykýar (wisseral patologiýa bilen esaslanan psihiki işjeňliginiň gödek bozulmalary). Mysal üçin, kardiohirurgiki operasiýadan soň ota-

gynda ýatan näsag psihomotor göçgünlik ýagdaýynda gapdalyndaky düşekde ýatan operasiýa edilen näsagyň üstünden eýläk-beýläk böküp başlaýar.

Somatiki näsaglarda paranoid we gallýusinasiýanyň täsirinde agressiýa (gaharjaňlyk) bolup biler. Somatiki hassahanalarda birnäçe adamlar öz janyna kast edýärler. Bu ýagdaýlarda bejerýän lukmanyň kazyýet jogapkärçiligine çekilmegi mümkin. Emele gelşinde we ösüşinde emosional stresiň we şahsy faktorlaryň täsiri bolan köp sanly somatozirlenen we psihosomatiki bozulmalar bolup bilýär. Psihosomatiki bozulmalar belli bir derejede psihiatriýanyň garamagyna girýär.

Amaly iş bilen meşgullanýan dürli hünärdäki lukmanlar öz işlerinde dürli psihiatriki nogsanlyklar bilen ýüzbe-ýüz bolup, möhüm netije çykarmaly bolýarlar. Olar zerur ýagdaýlarda psihiatr lukmana ýüz tutmaly bolýarlar. Somatiki hassahanalarda bolsa psihiatr-lukman bolmaýar. Psihiatryň kömegi bir gezeklik maslahat bilen çäklendirilýär.

Saýlan hünärine garamazdan, ýokary lukmançylyk okuw jaýlarynyň talyplary geljekdäki işlerinde ýokarda agzalan dürli psihiatriki nogsanlyklary dogry çözer ýaly, okuwlarynda psihiatriýanyň esaslary öwredilende oňa ýokary ähmiýet bermelidir.

Psihiatriýa dersi aşakdakylary öwretmäge borçludyr:

– esasy psihiki bozulmalaryň alamatlaryny (simptomlar we sindromlar) ýüze çykarmaklygy;

– gaýragoýulmasyz gyssagly psihiatriki kömegini, razyçylyksyz hassahana ýerleşdirilmegi we ony ýerine ýetirmegiň görnüşlerini talap edýän psihiki bozulmalary anyklamaklygy;

– somatopsihiki we psihosomatiki jähtlere esasy ünsi gönükdirmegi;

– dürli psihoterapewtiki usullary ulanmaklygy;

– psihiki näsaglar bilen söhbetdeşlige girişmegi, olaryň gorkularyny aýyrmaklygy, daş-töweregi üçin howply ýagdaýlary ýüze çykarmaklygy;

– medisina resminamalarynyň dogry doldurylmagyny;

– psihiatriki kömek baradaky umumy düzgünleriň öwredilmegini.

Şu ýerde ýene bir bellenmeli zat, ol hem psihiatriýa hassahanalarynda näsaglara seredilişiniň, olaryň ýaşaýyş şertleriniň, dynç alyş wagtlarynyň, olara bejergi geçirilişiniň ýokary ynsanperwerlik esasynda gurnalmagydyr. Bu babatda döwletimiz tarapyndan uly aladalar edilýär.

**Psihika kadada we patologiýada.** Psihiki patologiýa daşky täsirleriň we uýgunlaşma reaksiýalarynyň üýtgemegi bilen baglylykda psihikanyň kadanyň çäklerinden çykmasy bilen häsiýetlenýär (N. E. Baçerikow, 1981).

Psihiki sagatlygyň we psihiki bozulmanyň arasyny açmak psihiatriýanyň kyn we möhüm meselesidir.

Ony diňe sagat we patologiki psihika bölmeklik arkaly ýönekeýleşdirmek bolar. Köp psihiatrlar sagat we näsag psihikanyň arasynda aralyk basgançagyň

barlygyny esaslandyryp, belläp geçýärler. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň bellemegi boýunça saglyk – bu diňe bir keseliň we fiziki ýetmezçiligiň (defektiň) bolmazlygy däl-de, eýsem doly fiziki, psihiki we durmuş oňaýlylyk ýagdaýydyr.

G.K.Uşakowyň pikiri boýunça psihiki kadanyň kriteriýalaryna aşakdakylar degişli:

– psihiki hadysalaryň şertliligi, olaryň zerurlygy, tertipliligi;

– psihiki ýetişenlik;

– şahsyň psihiki, biologiki we fiziki reaksiýalaryň täsirine durnuklylygy;

– daşky gyjyndyryjylaryň uzaklygyna, güýjüne we ýygylygyna psihiki hem fiziki reaksiýalaryň gabat gelmegi;

– öz-özüne we daş-töweregine uýgunlaşma ukyby;

– üýtgäp durýan ýagdaýlara görä özüni alyp barşyny sazlaşdyryp bilmek ukyby;

– okamak, täze tejribeler we endikleri döretmek hem-de ulanmak, olary amalda barlamak ukyby;

– düşen ýerine görä durnuklylyk duýgusy;

– meňzeş ýagdaýlarda deň hasaplamak we hemişelik duýgusy, çalyşýan ýagdaýa görä özüňi alyp barmagy üýtgetmek ukyby.

Psihiki sagatlygyň häsiýetlendirmesi psihiki kesel diýen düşünje ýaly çylşyrymlydyr. Giňden ýaýran ýönekeý we sada kesgitlemä görä, psihiki kesel – bu psihiki sagatlygyň ýoklugy bilen häsiýetlenýär. Başga bir tarapdan psihiki keseli jebir çekmesi boýunça kesgitleýärler. Lukmana ýüz tutmaga mejbur bolan adamlaryň toparyny psihiki kesel diýip hasaplaýarlar. Ýöne daş-töweregi psihiki näsag hasaplan adamlary psihiki kesel diýip almaklyk dogry däldir.

Psihikanyň patologiýasynyň alamatlaryna aşakdakylar degişli bolup biler:

– psihiki bozulmalary psihopatologiki taýdan kwalifikasiýalaşdyrmak mümkinçiligi;

– oňaýsyz täsir etmeleriň ýüze çykyşy, uzaklygy we hil aýratynlyklary boýunça jogap reaksiýalarynyň kadadan çykyşy;

– psihiki ýüze çykmalara kesel hökmünde baha bermeklik, psihiatriki kömege ýüz tutmaklyk;

– psihiki funksiýalaryň sazlaşygynyň ýetmezçiligi, psihiki disbalans;

– kadaly psihiki häsiýetli bolmadyk psihiki ýüze çykmalaryň bolmagy;

– psihiki ýüze çykmalaryň aýdyň güýçlenmegi we bozulma çenli ýetip bilýän peselmesi;

– durmuş uýgunlaşmasynyň ýetmezçiligi;

– daşky täsirlere ýokarlanan, güýçlenen duýujylyk ýa-da gaharjaňlyk;

– doly däl yzyna gaýtmanyň alamatlary, psihotiki ýüze çykmalaryň ösmegine bolan meýiller;

– anyk daşky we içki gyjyndyrmalaryň ýoklugynda psihikanyň spontan we autohton üýtgemesi;

– özüňi alyp barşyň hemişelik, endikli kadasynyň çäklerinden çykýan özüňi alyp barşyň üýtgemeleri;

– psihiki prosesleriň durnuksyzlygy;

– özüne we daş-töweregine howp salýan özüňi alyp barşyň görnüşleri;

– üýtgäp durýan durmuş şertlerinde özüňe erk etme ukybynyň ýetmezçiligi;

– ýalňyş hereketleri gaýtalamaklyk;

– psihiki ýüze çykmalaryň çendenaşa durnuklylygy.

Hemme zady ýetik, çendenaşa sagdyn adamlar bolmaýar ýa-da olar seýrek duşýar. Psihiki kadany we patologiýany araçäklendirmekde ylmy işleriň netijelerini, kliniki tejribäni we sagdyn pikirleri göz öňünde tutmaly.

## 2-nji bap. Psihiatriýanyň gysgaça taryhy

Psihiatriýa – bu gadymy ylym. Biziň eramyzdan 4000 ýyl mundan ozal hem Müsür ybadathanalarynda ruhanylar näsaglary tukatlanmadan bejeripdirler. Indus kitaplarynda Hindi ruhanylarynyň psihiki näsaglary bejerendikleri bellenip geçilýär.

Gadymy grek-rim döwrüniň eserlerinde hem «maniýa» «melanholiýa», «paranoýa» ýaly adalgalar ýatlanýar. Şatlygy, gaýgyny, tukatlygy, gorkyny, howsalany, paranoid ýagdaýyny we nägileligi Gippokrat we Pifagor beýniniň üýtgäp durma ýagdaýyna bagly hasaplapdyrlar. Gippokratyň gumoral nazaryýetinde «psihiki kesel organizmdäki suwuklyklaryň garyşmasy netijesinde döreýär» diýlip düşündirilipdir. Gippokrat özüniň «Keramatly kesel barada» diýen işinde garaguşagyrynyň idiopatiki we simptomatiki görnüşlerini tapawutlandyrypdyr.

Ylmyň ösüşini saklamak mümkin däl. Fransuz rewolýusiýasy döwründe psihologiki kömegi gurnamakda F.Pinel uly şöhrata eýe bolýar. Ol psihiki näsaglardan zynjyry aýryp, bejeriş edarasyna geçirmeklige rugsat alýar.

Psihiatriki kömegiň ösmegi we kämilleşmegi bilen bir hatarda psihiatriýa ugrundan ylmy gözlegleriň ösmegi hem dowam edýär. Psihiki keselleriň geçiş aýratynlyklary we sebäpleri baradaky maglumatlar toplanýar.

A. Beýl (1882) psihiki bozulmalaryň we paraliçiň arasyndaky baglanyşygy açmak başardýar. W.A. Gilýarowskiý (1908) patomorfologiki barlaglaryň netijeleri esasynda progressiw paraliçiň merezýelli gelip çykyşynyň barlygyny tassyklaýar.

Fransuz ylmy psihiatriýasynyň düýbüni tutujy Eskirol (1772–1840) psihiatriýada kliniko-nozologiki ugry esaslandyryjy hasaplanýar. Ol illýuziýanyň we gallýusinasiýanyň arasyndaky tapawudy açyp görkezýär.

B. Grizingere (1817–1868) çenli psihikanyň patologiki ýagdaýyna kesel hökmünde garalypdyr. Onuň pikiriçe psihiki ýagdaý kesel hökmünde däl-de, eýsem beýni prosesiniň alamatlary hasaplanýar.

Psihiatrlaryň Peterburg mekdebiniň düýbüni tutujy J. M. Balinskiýniň işlerine baha bermezlik mümkin däldir. Ol paranoidiň sagdyn müňkürlikden tapawudyny öwrenýär. Klinika paranoid kristallaşmasyny we iriziji pikirler düşünjesini girizýär. P. Žane psihoasteniýa baradaky ylmyň düýbüni tutýar. Z. Şarko isteriýanyň köp kliniki ýüze çykmalaryny psihoz diýip atlandyrýar. G.Bird newrasteniýany ýazýar.

Görnükli psihiatr W. H. Kandinskiý (1849–1889) Baýarzeniň «psihiki» ýa-da «doly däl gallýusinasiýa», Muşanyň «ýalan gallýusinasiýa», Kalbaumyň «apperseptiw gallýusinasiýa», Gageiň «psewdogallýusinasiýa», Grizingeriň «içki sesler» diýen pikirine täzeçe garap, özüniň kliniki tejribesi esasynda psewdogallýusinasiýa baradaky ylmy döretdi.

S. S. Korsakow alkogol polinewritiniň klinikasyny ýazýar. Onuň içinde çylşyrymly amnestiki sindrom esasy orny eýeleýär. Zolleriň teklibi bilen täze kesel «Korsakowyň keseli» diýip atlandyrylýar.

E. Krepelin psihiki keselleriň anyklanylmasynda diňe sindromlara baha bermekligiň usulyýet taýdan esassyzdygyny görkezýär. E. Krepelin dürli psihiki ýagdaýlaryň kliniki çäklerini gözden geçirip, ol katatoniýa, paranoid, gebefreniýa ýagdaýlaryny birikdirip, bir kesel – irki kemakyllygy ýazyp görkezýär.

Ýe. Bleýler 1911-nji ýylda irki kemakyllygyň alamatlarynyň aýratyn häsiýetlerini ýazýar we keseli häzirki döwre çenli çaklanan «şizofreniýa» diýip atlandyrýar.

K. Ýaspers «Umumy psihopatologiýa» kitabynda diňe bir esasy psihopatologiki sindromlary ýazman, eýsem şahsyýetiň patologiki ösüşine, onuň şizofreniýada şahsyýetiň üýtgemesi bilen aratapawudyna häsiýetnama berýär.

P. B. Gannuşkiniň ähli barlaglary araçäk psihiatriýa gönükdirilendir. Ol hemişe psihopatiýanyň araçägini takyk anyklamaga çalşypdy. Onuň «Psihopatiýanyň klinikasy, olaryň statikasy, dinamikasy we sistematikasy» diýen kitabynda psihopatiýany ýüze çykarmagyň kriteriýalary ýazylyp beýan edilýär. P. B. Gannuşkin psihiki keselleriň dinamikasyny, olaryň ösüş döwürlerini öwrenmekligiň zerurlygyny belläp geçipdi.

Soňra psihiatriýa ylmynda O. W. Kerbikow, A. B. Snežnewskiý dagylar dürli barlaglar geçirip, bu ylmyň ösmegine öz goşantlaryny goşdular.

Psihiatriýada kliniki ylmy ugruň ösmegi bilen bir hatarda psihiki keselleriň işjeň (aktiw) terapiýasy hem ösýär. 1917-nji ýylda Waguerfon Ýareýg progressiw paraliçi bejermekde 3 günlük malýariýany ýokuşdyrmany oýlap tapýar. Soňra insulin terapiýasy, komatoz terapiýasy, elektrosudorog terapiýasy oýlanyp tapylýar.

1953-nji ýylda ilkinji gezek psihiki kesellerde psihotrop serişdeleri ulanylyp başlanýar. Näsaglary psihotrop serişdeleri bilen bejermeklik psihiki hassahanalaryň keşbini üýtgetmäge mümkinçilik berdi, olary somatik hassahanalara ýakynlaşdyrdy.

**Çagalaryň psihiki keselleri baradaky ylmyň ösüşi.** XVIII asyryň ikinji ýarymynda çap edilen işlerde 6 ýaşdan 13 ýaş aralygyndaky psihozlar (ruhy näsaglar) barada bellenip geçilýär. Karus 1808-nji ýylda «Çagalar diňe kemakyl bolup biler» diýip belleýär.

XIX asyryň başlarynda çagalardaky we ýetginjeklerdäki psihiki bozulmalary tapawutlandyrmaga synanyşypdyrlar.

Çagalar psihiatriýasynyň ösmeginde Kalbaumyň katatoniýa we gebefreniýa bagyşlap ýazan işi uly ähmiýete eýedir. Şol döwürde çaga psihiatrlaryna Z.Freýdiň garaýyşlary uly täsir edýär. Awstriýaly newrolog, zehinli barlagçy, synçy klinisist Zigmund Freýd psihikanyň birnäçe wajyp aýratynlyklaryna üns berýär. Psihoterapiýa uly ähmiýet bermek bilen bir hatarda çagalardaky we ýetginjeklerdäki psihozlara bagyşlanan barlaglaryň sanyny artdyrýar.

Psihiatrlar tarapyndan çaga psihozlaryny hemmetaraplaýyn we ulgamlaýyn öwrenmeklige girişilýär (T. Z. Ýudin, M. J. Ozereskiý, M. O. Gurewa, G. Ýe. Suharýewa, T. P. Simson, W. W. Kowalýow we başgalar).

G.Ýe.Suharýewa 12-14 ýaşlaryndaky ýetginjeklerde şizoid psihopatiýanyň klinikasyny öwrenýär.

Psihologiýanyň neýrofiziologiýasynyň we çaga psihozlarynyň klinikasynyň ýeten derejeleri häsiýetiň emele gelmesi, ontogenezdäki şahsyýetler we şeýle emele gelmeleriň patologiki görnüşleri baradaky ylmy esasynyň işlenilmegine şert döretdi (P. B. Gannuşkin, W. A. Gilýarowskiý, G. Ýe. Suharýewa, T. P. Simson, O. W. Kerbikow, G. K. Uşakow we beýlekiler).

Gysga wagtyň içinde çagalaryň psihikasynyň patologiki ýagdaýy we olary düzediş usullary baradaky ylmyň döremegi, çagalarda psihozlaryň döremek mümkinçiligine bolan negatiw gatnaşyklaryň ýerini çalyşdy.

## 3-nji bap. Psihiatriýada kliniki barlaglaryň geçiriliş usullary

**Psihiatriki söhbetdeşligiň aýratynlyklary.** Psihiatryň söhbetdeşlik geçirmesi gaýry keselli hassalar bilen deňeşdirilende has tapawutlanýar. Bu ýagdaý psihiki keselleriň aýratynlygy – özboluşlylygy bilen düşündirilýär. Psihiki bozulmalaryň kesgitlenmeginiň çözülmegi, esasan, şahsy düşünjelerden gelip çykyp, adaty durmuşda başdan geçirmeler diýilýän ýagdaý görnüşinde aňladylýar. Olaryň üstüniň doly açylmagy ýörite berilýän soraglar arkaly gazanylýar. Emma şularyň soňkusy diňe bir psihiki keseliň belli bir adama degişli bolan alamatlarynyň üstüni açmak bilen çäklenmeýär. Şonuň kömegi bilen psihiatr-lukman näsagyň şahsyna degişli bolan maglumatlary-da alyp bilýär. Olar-

syz anyklaýyş, bejeriş we sosial çäreleri hemmetaraplaýyn geçirmek we doly görnüşde çözmek mümkin däl.

Psihiatriki söhbetdeşligiň iki usuly bar:

1. Çaklama usuly (insaýt);

2. Alamat usuly.

*Çaklama (insaýt) usuly* – näsagyň ýagdaýyny duýmaklyga daýanýar. Şeýle edilende näsagda aňa bagly bolmadyk prosesleri, goranyş mehanizmleri we ol baradaky psihodinamiki göz öňüne getirmeleri aýdyňlaşdyryp bolýar. Berlen usulda nozologiýa känbir ähmiýetli däl, esasy maksat, näsagy doly synlap oňa ýeterlik derejede düşünmeden ybaratdyr. Ugry kesgitlenen çaklamanyň (insaýtyň) öz tehnikasy, söhbetdeşlik aýratynlygy, strategiýasy (geçirilişiniň tertip-düzgünleriniň düzülişi) we gutarnykly maksady bolýar.

*Alamat usuly.* Bu usul bozulmanyň sindromlaryny we nozologiki birlikleri-ni emele getirýän alamatlaryň üstüniň açylmagyna gönükdirilendir. Munda näsaga soraglar berlip, gerekli jogaplarydyr – maglumatlaryň alnyp bilinmeginden, onuň netijesinde-de näsag bilen ylalaşykly aragatnaşyk baglanyşylyp, hassanyň başdangeçirmeleriniň (keseliniň alamatlarynyň) üsti açylyp, psihiki derejesi (stadiýasy) ýazylyp beýan edilme arkaly kesgidiň goýulmagy, keseliň nähili tamamlanyljagy bahalandyrylyp, bejerginiň geçirilmesi baradaky bellikleri etmek ýaly görnüşde seredilse bolar.

Bu usullaryň ikisiniň hem öz düzgün-tertipleri we geçiriliş tehnikasy bolsa-da, olar bir näsagda ulanylanda, şol hassa barada «köpölçegli», ýagny has doly düşünjäniň kemala gelmegine mümkinçilik döredýär.

Näsag bilen uzak iş alnyp barlanda, ýaňky getirilip görkezilen usullaryň ikisi hem bir wagtda ulanylmaly, ýöne dürli tapgyrlarda (ilkinji duşuşykda, hassahanada ýatyrylyp gözegçilik edilende we ş.m.) şolaryň diňe äheňi, basyşy üýtgedilýär. Meselem, ilkinji duşuşykda lukmanyň näsagyň ynamyna girip bilmeginiň we onuň aladalaryna içgin aralaşyp bilmeginiň (ugry kesgitlenilen insaýt usulyň) uly ähmiýeti bar, şonda kesel kesgidiniň goýulmagy ýeňil bolýar (ugry kesgitlenilen alamat usuly).

Çaklama usulynyň tehnikasy duýgudaşlyk bildirmeklik bilen bir hatarda erkin assosiasiýany, interpretasiýany we konfrontasiýany öz içine alýar. Alamat usuly özüňi alyp barşyň, psihiki funksiýalaryň (aň-huş, düşünje, ýatkeşlik, akyl-paýhas, duýgurlyk tarapdan kabul ediliş, oýlanmak, emosiýalar) alamatlarynyň ýüze çykarylmagyna gönükdirilendir.

**Näsag bilen arabaglanyşyk gurnalyşynyň usuly:**

1. Näsagyň konstitusiýasy, şol sanda onuň ösüşindäki bolup geçen özgermeler (morfologiki displaziýalar) we özüni alyp baryş statusy baradaky maglumatlary bellige alynýar. Şu tapgyryň ilkinji pursatlarynda haýsy jynsa degişliligi baradaky düşünjä göz ýetirilýär. Onuň jynsy oriýentasiýasy we ýaşy kesgitlenilýär. Bu bolsa

şolaryň hakyky ýaşa gabat gelýän-gelmeýänligine, konstitusiýasyna (piknik, normastenik, astenik), özüni alyp barşyna (hyjuwa gelip joşgunlanmak, stupor, adekwatsyzlyk ýaly zatlaryň üstüni açyp) düşünmäge ýardam eder.

2. Näsagy özüňe ynandyryp ýakynlaşdyrmaga, ony köşeşdirip rahatlandyrmaga çalyşmaly. Hatda näsag özüni hassa saýmanynda-da psihiatra görünmegiň oňa diýseň ýokuş degmegi mümkindir, çünki şeýle ýagdaýda ony nämedir bir zat ýa-da kimdir biri lukmana görnüp, maslahatlaşmaga mejbur edýär. Şeýle görnüşdäki gapma-garşylykly ýagdaý dörände siz töweregindäkileriň tarapdary däl-de, näsagyň tarapyndalygyňyzy ynandyryp bilseňiz, bu ejir çekýän näsag üçin wajypdyr.

Psihiatr onuň motorikasynyň, ýüz gözüni oýnadyşynyň, durşunyň, eldir aýaklarynyň, göwresiniňdir ýüz-gözüniň üm-yşaratly hereketleriniň, adamlara, töwerek-daşyna bolan garaýşynyň, onuň emosional ýagdaýynyň we gürleýşiniň umumy düzülişiniň aýratynlyklaryna göz ýetirip, takyk aňşyrjak bolmaly. Onuň görkezýän käbir nyşanlaryna gyzyklanýanlygyňyzy degişli reaksiýa berme bilen görkezjek boluň, onuň siziň özüňizi alyp barşyňyza berýän reaksiýasyny hem dykgatly synlaň. Eger-de siziň özüňizi alyp barşyňyz juda parahat, şeýle-de garaýşyňyz çendenaşa dykgatly bolsa, onda beýle ýagdaý paranoid näsagda goşmaça müňkürligi, depressiw näsagda bolsa howsalany döredip biler. Şonuň üçinem lukmanyň özüni alyp barşy ýumşakdan endigan, tekizden mylaýym hem ýakymly bolmalydyr.

3. Lukman näsagyň derdine nebsi agyryp, ýüregi bilen gynanýanlygyny görkezmäge çalyşmaly. Şeýle-de, mümkin bolaýjak düşünmezligi ýa-da näsagdaky agressiýany bahalandyrmaly. Duýgularyň derňewiniň geçirilmegi, berilýän bejerginiň täsirli-täsirsizligine, peýdaly-peýdasyzlygyna, keseliň nähili ýagdaý bilen gutarjaklygyna we keseliň kesgidiniň goýluşynyň takykdygyna ýa nädogrudygyna düşünmäge mümkinçilik döreder. Lukman näsagyň çekýän azaryna çyny bilen gynanyp, nebsiniň agyrýanlygyny ýasama görnüşli däl-de, tüýs ýürekdendigini görkezmäge çalyşmaly. Özüniň näsagyň ýagdaýyna janynyň ýanýandygyny, gynanýandygyny ýaşyrjak bolman, tersine, ony has aýdyň görkezjek bolmaly.

4. Näsagyň öz şahsy meselelerine düşünişiniň derejesini kesgitlemeli. Ol düşünje doly hem bolup biler, şonda näsag özüniň çekýän hasratyna keseliň ýetirýän ejiri diýip düşünýär. Şol düşünje doly däl hem bolup biler, mundaky bolup geçýän zatlaryň hemmesi däl-de, käbiriniň keseldenligini gürrüň berer ýa-da ol düşünje düýbünden bolman hem biler. Çekilýän şol hasratlaryň arasyndan bolmanda näsagyň azda-kände keseldenligini saýýanlarynyň üstüniň açylyp anyklanylmagy diýseň wajypdyr. Çünki şolary çekilýän beýleki ejirleriň üstüne seplenilmeginde-de peýdalanyp bolar, ýöne her niçigem bolsa başda näsagyň çekýän agyryly derdiniň gozgalmazlygy maksadalaýykdyr. Näsagyň dörän kynçylykly ýagdaýa düşünişine baglylykda, oňa bejergi geçirilmä degişli zatlardyr sowallar barada gürrüň bermeli.

5. Bahalandyrylmak (interpretasiýa). Näsaga özüniň çekýän dert-azary, ejiri barada lukmanyň nähili pikirdedigini bilmek diýseň wajypdyr. Şonuň üçin

hem oňa alamatlar barada ýeterlik bilimdir düşünjäniň bardygynyň görkezilmegi derwaýysdyr, şonda çekilýän ejirlerdir azarlaryň biçak seýrek duşýanlygy ýa-da olaryň adatylygy nygtalmalydyr, şeýle-de şol azarlary islegiň boýunça ugrukdyrylyp bolunýanlygy bellenilmelidir. Adatça, ejir çekýän näsaglaryň lukmanda şuňa çalymdaş ejirleriň garşysyna göreşmekde baý tejribesiniň bardygyny bilmegi wajyp, ýöne garşysyna göreşýän ýa-da ret edýän näsaglara hut özleriniň ähmiýetliligini duýmak has hem wajypdyr. Keseliň beterleşmegine garamazdan, näsaga hem onuň hossarlaryna bejerişe bolan umydyň barlygynyň aýdylmagy, olaryň bejerişe bolan ynamlaryny artdyrýar.

6. Gurnalan aragatnaşyklarda liderligiň bolmagy. Bu bejergi işiniň geçirilmegini näsaglaryň hossarlarynyň ýa-da töwerekdäkileriň däl-de, hut lukmanyň özüniň alyp baryp, şoňa ýolbaşçylyk etmegi üçin hökmanydyr.

Alnyp barylýan çäreleriň, edilmeli işleriň geçirilmegindäki şolaryň arasyndaky gurnalan aragatnaşyklarynda kimiň haýsy orny tutmalydygyna lukmanyň anyk düşünmegi zerurdyr.

**Lukmanyň işi we strategiýasy.** Lukman näsag bilen gürleşende alyp barýan işinde özüni abraýly adam, garaşsyz ekspert, onuň halyna gynanyp, duýgudaşlyk bildirýän adamkärçilikli kömekçi hökmünde görkezmeli. Lukmanyň hususy iş tejribesinden, giň mümkinçiliklerden ýerlikli hem göwnejaý peýdalanyp bilmekligi diýseň derwaýysdyr.

Öz näsagynyň kalbyny eýeleýän lukman öz abraýyna hem tutýan ornuna daýanyp näsagy özüne boýun egdirip, ynanjaň näsagyň keseliniň alamatlarynyň tiz aýrylmagyna gönükdirip biler. Şeýle işi ýerine ýetirýän lukman özüni alyp barşyny talapkär ata-enä ýa-da mugallyma meňzedip, näsagyň özüni dogry ýa-da nädogry alyp barýanlygyny çürt-kesik aýdyp, ýalňyşan wagty hem näsaga çäklendirmeleri girizip bilýär. Şeýle lukman, adatça, näsagyň gaýry hünärmenlere bolan ynamyny çäklendirip, özüniň şol zatlardan başynyň gowy çykýanlygyny ýaýdanman aýdyp bilýär. Ynandyryp bilýän lukmanyň daş keşbinde, özüni alyp barşynda, oturyp-turşunda, mimikasynda we ş.m. ynandyryjy alamat bolmalydyr. Adatça, onuň näsag bilen söhbetdeşligi çäklendirilen bolup, ol belli bir çäkden aňry geçmeýär.

– ekspert-lukmanyň keşbi keseliň kesgidi goýulma döwründäki söhbetdeşlikde ýüze çykarylýar. Şeýle ýagdaýda ol özüniň alyp barýan işiniň ylmy-barlag görnüşinde geçirilýänligini görkezip, ol beýleki hünärmenleriň berýän goşmaça maglumatlaryny degişli görnüşde bahalandyrýar. Şonda ol keseliň alamatlaryndan arany açyp, özüni hünärmenlerden we näsagdan uzaklaşdyrýar. Şeýle işiň ýerine ýetirilmegi kesel kesgidiniň goýulyş tapgyrynda has hem wajypdyr.

– diňleýji-lukman görnüşinde özüni alyp barýan lukman adaty diňleýji ýaly bolup, näsagyň ýagdaýyna çyndan ýa-da ýalandan bolsa-da gynanýanlygyny görkezýär.

Ol näsagy diňlemeklige içgin gyzyklanyp, kliniki ýagdaýa bolsa iňňän gyzykly roman ýaly baha berýär. Hut şu ýagdaýda näsag bilen içgin aragatnaşygyň gurnalyp berkidilmegi başlanýar. Näsaglaryň aglabasy şeýle lukmany «özlerini üns berip diňleýän» adam hasaplaýarlar, çünki diňleýji-lukman uzaga çekýän söhbetdeşlikde arasyny bozman, ahyryna çenli çydamlylyk bilen diňleýär.

– kömekçi-lukman näsagy ahlak taýdan goldamaga çalyşýar. Lukman näsagyň başyndan geçirýän ejir-yzalarynyň maglumatlarynyň gymmatly zatdygyny belläp, özüni onuň bilen bir hatarda, deň derejede saklap, şoňa, ýagny näsaga kömek berip, haýyr edäýjek güýçleriň onuň daşynda däl-de, hut onuň özüniň içindeligini düşündirýär. Ol näsagyň başdan geçirýän horluklarynda döredijilik elementleriniň barlygyny belläp, näsagyň ünsüni şonuň üýtgeşik şahslygyna çekip, ajaýyp ykbally adamdygyny nygtaýar. Lukman özünde bolup geçýän käbir zatlaryň hem-de özüni haýran galdyrýan wakalaryň we başdan geçirmeleriniň näsagyň başdan geçirýän zatlaryna gaty meňzeşdigini ýaýdanman aç-açan aýdýar.

**Näsagyň orny we strategiýasy.** Näsag hakykatdan hakyky horlugy, keseliň ezýetini çekip hem, kesellän ýaly bolup, şol ýagdaýa çümüp hem, keseliniň barlygyny çişirip, çynaberimsiz edip hem, keseliň alamatlaryny ýaşyryp hem biler.

Ejir çekmekligiň organiki zeperlenmeler bilen baglanyşykly bolmagy hökman hem däldir, ýagny somatoform agyryly bozulmada ýa-da newrasteniýada çekilýän ezýet bedeniň belli bir agzasynyň organiki zeperlenmesiniň berýän ejirdir-azaryndan beterräk hem bolup biler. Çekilýän ejir-azaryň özi näsagyň töweregindäkileriniň çekinip arasyny açmagyna ýa-da islenýän kömegiň bizar edijilikli ýaly kabul edilmegine getirip biler. Çekilýän ejir, köplenç halatda dürli dolulykda beýan edilýär ýa-da näsagyň özi şol barada dilini ýarmanynda-da, özüni alyp barşy bilen hem ony ýüze çykaryp bolar.

Gaýry içki hakykatlara gümra bolnuşy ýaly, kesele çümmegine-de näsagyň diňe bir şahsy aýratynlyklary sebäp bolman, esasy başdan geçirmeleriň görkeziji häsiýetli bolup, ony bolşy ýaly edip daşyňa çykarsaň töwerekdäkileriň şony geňläp nädogry düşünmeginden ýaramaz reaksiýany berme howpundan heder edip çekinilibem şol barada hiç zat aýtmaýar. Şu ýagdaý aýratynam jynsy aragatnaşyklara, şony daşyna çykaryp ile aýan edip, syry paş etmeden saklaýar. Näsagyň ýakyn adamlary kesele çümenlerinde olaryň gaharlary gelip nägilelikdir garşylyk görkezmekleri, gynançly ýagdaýa batyp gözgyny hala düşmekleri ýa-da näsagyň hossarlary bilen ysnyşmagynyň güýçlenmegine-de getirip biler.

Näsagyň öz ýagdaýyny dogry aýtmazlygy ýasama keseliň güýçlendirilip görkezilmegine ýa-da başdan geçirilýän hasratlaryň ýaşyrylmagyna-da getirip biler, olar kazyýet işlerinde bolsa bilkastlaýyn edilen hasaplanýar. Psihiatryň adaty işinde, köplenç halatda şular ýaly ýagdaýlaryň duş gelmegi psihiki bozulmanyň alamatlarydygyny aňladýar. Meselem, şular ýaly mehanizmler indusirlenen (beýleki bir ýakynyňda-da şeýle ýagdaýyň döredilmegi, ýagny psihiki keseliň «ýokuşdyrylan»

ýalylygy) samramada, dissosiatiw bozulmalarda, imperatiw (buýruk beriji) eşidiş gallýusinasiýalarda giňişleýin ýaýrandyr.

Islendik bozulma işsizlige, maýyplyga, temmiden gaça durmaga, keseli gaçybatalga edinmeklige getirip biler. Şeýle ýagdaýlarda näsaglaryň ýaş toparlylarynyň birinde keseliň alamatlary ýaşyrylyp, beýlekisinde bolsa hut şeýle sosial ýagdaýlar döräninde alamatlar çişirilip, güýçlendirme bilen görkezilip bilner. Ýasama ýalançylyk aýdylýan zatlar bilen özüňi alyp barşyň, ýörelgä hakyky suratda girizileni bilen daşyňa çykarylyp aýdylanyň, özüňi alyp barşyň görnüşleriniň biri-birine çapraz gelmegem mümkindir. Meselem, dissosiasiýada eliňi salgap üm-yşarat edilşiň bilen ýüz-gözüňi aýnadyşyň ýüzüň yşarat etmesiniň aýry-aýrylarynyň (ýalany, gam-gussalysy, ýaşyrylan ýylgyryşlysy we ş.m.) arasyndaky gabat gelmezliklerdir.

Edilýän hereketleriň töwerekdäki zatlara we geçip duran hadysalara laýyk gelmän bimany bolmagy belli bolan ýönekeý takyk zatlardyr çylşyrymly göwün göteriji hereketlere berilýän reaksiýanyň laýyk gelmezligini aňladýar. Deri duýgurlygynyň ýokarlanmasy ýagdaýa laýyk gelmän, şonuň netijesinde-de sanjylmadan gorky döremegi, matam tutulýan gaýgyly günlerdir pursatlarda-da şoňa düýbünden bap gelmän tersine, garşy gelýän ýerliksiz gülkiniň döremegine-de getirip biler.

**Şikaýatlar.** Edilýän şikaýatlara aýratyn ünsüň berilmegi möhümdir, çünki şolaryň mazmuny, aýdylyşynyň usuly hem görnüşi möhüm bolup, şolardan keseliň kesgidiniň goýulmagy üçin ähmiýetli bolan maglumatlary alyp bolýar. Şikaýatlara degişlilikde açyk hem gönükdirilen usullardan, şeýle-de başdan geçirmeleri anyklap, düşnükli edýän tehnikadan peýdalanylýar.

**Açyk arz soralyşy.** Açyk arz soralyşynyň düzülişi lukmanyň näsagdan ähli şikaýatlaryny jikme-jik aýdyp bermegini haýyş edip, kähalatlarda näsagy jogap bermäge mejbur etmeýän sypaýy ugrukdyryjy soraglary berip dykgat bilen näsagy diňlemekden ybarat bolup, diňe şonuň başlan gürrüňiniň dowam etdirilmegine gönükdirilýär. Ýöne şu tehnikanyň hem öz kynçylygy bar. Meselem, ipohondrik öz başdangeçirmeleri, çekýän azarlary barada sagatlap gürrüň edip, näsagyň gürrüňlerini çendenaşa çintgäp oturmasy ony uşakçyllyga, gürrüňleriniň ugursyz çintgelinmegine getirip, şol zatlary gereginden artyk ýokary bahalandyrmasy gürrüňini üýtgedip başga bir zat barada gürrüň etmä geçmäge mümkinçilik bermeýär-de, hakyky agyryny döredip özüni bimaza edýän dert barada aýtmazlygyna getirýär. Şonuň üçinem hatda açyk arz soramada näsaga gönükdirilip şonda jemlenen sowallaryň ulanylmagy iş ýüzünde kabul edilen, ýagny lukman çydamlylyk bilen sabyr-takatyny ýitirmän, gürrüňdeşiniň sözüni bölmän «hä»-sini ýetirip, diňläp oturmaly, käte görkeziji, buýruk beriji usulyň ulanylynmagyna-da ýol berilýär.

Şeýle ýagdaý dörände lukman näsagyň gürrüňini bölüp, ondan «Sizi başga ýene nämeler bimaza edýär?» diýip soramaly.

**Ugrukdyrylan arz soralyşy.** Arz soramakda ugrukdyrmanyň manysy näsagyň çekýän agyry-ynjylarynyň, olaryň haýsylarynyň hökmany suratda bo-

laýmalylary barada soralmagyndan ybaratdyr. Gönükdirilen soraglaryň çen-çak edilýän sowallary lukman näsagyň özüni alyp barşyny synlanda döreýär. Şeýle usulyň ulanylmagynyň zerurlygy näsag gymyldy-hereketini azaldyp doňup oturanynda ýa-da hereketlerini haýal-ýagallyk bilen amala aşyranynda, ýa-da özüniň başyndan geçirýän ýagdaýyny ýaşyranynda ýüze çykýar. Meselem, depressiýaly näsagdan onuň özüni heläklemä itergileýän pikir-duýgulary, göze görünmeýän söhbetdeş bilen gürleşýän näşagdan bolsa onuň kim bilen gürleşip, kime jogap berýänligi we şonuň lukmanyň beren soraglaryna näme dahylynyň barlygy barada soralmalydyr. Ýöne ugrukdyrylan soraglaryň jogapsyz galýan ýerlerem seýrek däl. Şeýle bolanynda sowalyň üstünden eltmän, gönükdiriji soraglaryň berilmegem gerekdir. Meselem, neşe serişdelerine bendiwan bolup şondan garaşly, ýöne şony ýaşyryp, boýun almaýandan onuň öz pikiriçe özüni gurşap alýan adamlaryň özüne bolan gatnaşygynyň nä derejede özgerenligi, okuwynyň nähili gidişi, uklabilişinde özgerişleriň barlygy-ýoklugy baradaky soraglary bermelidir. Şeýle ýagdaýlarda siz pikiriňizi sebäplere gönükdirmän, islendik patologiýanyň (keseliň) psihiki gurşawyň (sferanyň) dürli görnüşlerinde bildirip, ýüze çykmalydygyndan habarly bolanlygyňyz üçin, diňe şolaryň getirýän netijelerinde jemlemelisiňiz. Kähalatlarda ozalky geçilen döwürde edilen şikaýatlar, gyzyklandyrýan zatlar, göwne ýaraýan söýgüli güýmenjeler barada soramaklygam şu günki gün başdan geçirilýän ejirleriň üstüniň açylmagyna has gowy ýardam edýär. Ugrukdyrylan arz soramada lukmanyň näsaga gönükdirilen duýdansyz soragy ýa-da daşyndan göräýmäge öňki alnyp barylan gürrüňe dahyly bolmadyk ýaly, ýöne näsagyň özüni alyp barşynyň synlanmagyndan netije çykarylmanyň esasynda dörän soragyň berilmegem mümkindir.

**Aýdyňlaýjy arz soralyşy.** Bu usulda başdan geçirmeleriň jikme-jik takyklanylmagyny, ýagny şol derdiň haýsy ýagdaýdaky taraplaryna ýaýraýanlygynyň, şol başdangeçirmeleriň häzirem barlygynyň we şolary näsagyň hut özüniň (düýş ýalymy, keselmi ýa-da adaty ýagdaýmy we ş.m.) nähili saýýanlygynyň, şonuň beýleki ýagdaýlar bilen nähili arabaglanyşygynyň barlygynyň üstüniň açylmagy göz öňünde tutulýar. Kähalatlarda ýagdaýyň aýdyňlaşdyrylmagy näsagyň hut özüniň başdangeçirmeleriniň nämeler bilen baglanyşyklydygynyň hemmesine gowy göz ýetirmegine-de getirýär.

**Lukmanyň näsagyň başdan geçirmelerine (reaksiýalaryna) berýän jogaby.** Näsag haýsydyr bir şikaýatlary aýdanda lukmanyň oňa biperwaý garamaga haky ýokdur. Ol näsagyň aýdýan zatlary bilen ylalaşman, garşy çykyp jedelleşibem, onuň aýdýan zatlarynyň ähmiýetini peseldip, gymmatyny gaçyrybam, näsagyň başdangeçirmelerindäki roluny çişirip, ulaldybam biler. Lukman aslyýetinde adaty adam bolansoň, ol şol näsaga öz çagasy, hossarlary, erkek ýa-da aýal doganlaryna garaýşy ýaly gatnaşyk edip biler. Lukmanyň käbir näsaglara artykmaç mähirlilik bildirip gowy seretmekligini, hatda öý

telefonynyň belgisini bermekligini, beýleki birleriniň bolsa, onuň gaharyny getirip biynjalyk etmegine we şonuň netijesinde oňa «berk bejergi» bellemek isleginiň döremegini lukmanyň şahsy garaýşy manysynda düşündirip bolar. Adatça, şeýle meseleler ýörite toparlarda ara alnyp maslahatlaşylýar. Şunda näsaglara nädogry garalmagynyň, lukmanyň keseliň kesgidini nädogry goýup, işi çylşyrymlaşdyrylanlygynyň, öz eden etmişine puşman edip, toba gelmeginiň we lukman bilen näsagyň aragatnaşyklaryndaky gaýry sowallaryň oňaýly çözülmegi gerek. Mahlasy, lukman islendik ýagdaýlarda-da edýän işlerine, aýratynam näsag bilen gurnaýan aragatnaşyklaryna üns berip, şolary özüniň berk gözegçiligine almalydyr.

**Ýüz öwrüp ret etmek (ignorirlemek) hem gymmatyny gaçyrmak (dewalwasiýa).** Näsagyň käbir başdangeçirmeleriniň gymmatynyň gaçyrylmagy ýa-da şolary görmediksiremek bilen ret edilmegem zerurdyr, çünki şolaryň aňrybaşy affektiwliligi, howsalanyň çişirilenligi we hakyky ýagdaýa laýyk gelmezligi bilen ýüze çykýar. Birnäçe wagtdan soň bolsa, haçan-da affektiň ýüze çykarylyşynyň peselmegi bilen ýaňky ret edilen sowala gaýdylyp gelinse-de bolar. Gymmatyň gaçyrylmagynyň her birisi näsagyň öz başdangeçirmelerini ret etmegine getirip biler. Ýagny lukmanyň ret eden zadynyň soňra näsag tarapyndanam ret edilýän ýerleri-de seýrek däl.

Özüni juda belent tutýan paranoid näsag bilen söhbetdeşlikde gymmatyň gaçyrylmagy ret edilme bilenem çalşyrylyp bilner. Ret etmeklik (ignorirleme) diýlip, haçan-da näsagyň aýdýan gürrüňlerini we hereketlerini lukman tarapyndan diňlenilmekden saklanylanda, şeýle-de baha bermekden boýun gaçyrylanda aýdylýar. Bu ýagdaý, adatça, «pikirleriň öňürdiklemesi» diýilýän maniakal ýagdaýynda öz-özündenem döreýär.

Gymmatyň gaçyrylmagy ylmy jähtdenem esaslandyrylyp bilner, çünki ipohondriki başdangeçirmeli näsaglaryň käbiri, haçan-da olara bedeniniň agzalarynyň we ulgamlarynyň zeperlenendigini ret edýän, bozulmalaryň ýoklugyny ynamly tassyklap, subut edýän hakyky maglumatlaryň ýoklugy barada jikme-jik hem shemalaýyn aýdylanda, öz hususy pikirleriniň gymmatyny gaçyryp bilerler. Gymmatyň gaçyrylmagy keseliň beterläp, ikinji gezek aýdyň ýüze çykmasyny seljermeýän, meselem, şizofreniýanyň ýönekeý görnüşlisinde bolup geçýän özüni alyp barşyň gyşarmalaryny ýaltalyk ýa-da ýaramaz häsiýet diýip hasaplaýan näsagyň ýakyn hossarlarynda bolan anozognoziýada (çagasynda keseliň barlygyna düşünmezlik) bolýar. Kähalatlarda bolsa näsagyň hossarlaryna gymmaty gaçyrmaklygyň zerurlygy ýüze çykýar, sebäbi olaryň özleriniň hem psihiki näsag bolup çýkaýýanlaram seýrek däl. Şeýle ýagdaýda olar näsagynyň hassahanada uzak wagtlap saklanylmagyny ýa-da ondan wagtyndan öň çykarylmagyny, «ekzotiki» (adaty bolmadyk seýrek) derman serişdeleriniň, psihoenergiki täsiriň ulanylmagyny erjellik bilen talabam edýärler.

**Gapma-garşylyk (konfrontasiýa).** Gapma-garşylyk, köplenç halatda baglylyga getirýän kesellerde zerurdyr. Adatça, şeýle ýagdaýlarda «gazaply ýagşylyk», gözegçilik edilmeginiň tertipleriniň berk saklanylmagy maslahat berilýär. Somatiki üýtgeşmeleriň, işde we maşgalada döreýän kynçylyklaryň zyýanly endikler (psihoaktiw maddalary ulanmaklyk) bilen baglanyşyklydygyny lukman görkezmegi başarmaly. Şonda lukman özüniň näsag bilen däl-de, onuň keseline garşy çykýanlygyny düşündirýär. Buýrujy äheňli ýowsuz gapma-garşylygyň görkezilmegi şahsyň psihiki bozulmalary dörände zerur bolýar. Lukman özüniň gapma-garşylykly durmasy bilen näsagyň keseliň netijesinde alan ýaramaz gylyk-häsiýetlerini ynamly görnüşde keselden däl diýip aýdyp biler. Emma gapma-garşylygyň geçirilmegem salykatly görnüşde bolmalydyr, çünki şeýle edilmese, näsagyň ynamyndan gaçylyp, ony özüňden daşlaşdyrmagyň hem ähtimaldyr.

**Ulaldyp görkezmek.** Baglylyga getirýän (neşekeşlik, arakhorlyk, beňkeşlik hem käbir derman serişdeleriniň ulanylmagyna endik edip, şolaryň bendiwany bolmak) keselleriň irki döwürlerinde ýetginjekleriň jenaýat işlerine baş goşma howpunyň ýokarlanan wagtynda olar ýagdaýyň çişirilip aýdylmagy, şol ýaramaz endiklere baş goşup öwrendikli bolanda, onuň gelejeginiň biçak ýaramaz boljaklygyny aýdyp, şondan geçmäniň gowy, erbet ýollaryndan erbedini saýlap tutanynda, halynyň harap bolup, bagtynyň ýatanlygy barada aýtmaklyk maksadalaýyk saýylýar. Näsagyň düşen ýagdaýynyň çişirilip aýdylmagy onuň hut özüniňem düşen ýagdaýyna düýpli düşünmegine ýardam edýär.

**Kynçylykly başdangeçirmeleriň derejesiniň ýokarlandyrylmagy.** Köplenç halatda, näsaglar psihotiki başdangeçirmelere keseliň diňe bir beterläp ýitileşen döwründe däl-de, sagalanlaryndan soňra-da neneňsi garamalydygyny bilmeýärler. Olaryň pikiriçe, hassahanada ýatyp çykmaklyk olary abraýdan gaçyryp, iliň gözünden düşürýär. Jemgyýetde olara öňküleri ýaly doly bahaly garamaýarlar. Şeýle ýagdaýlarda olaryň döredijilik ukybynyň ýokarylygy barada aýdyp, göwünlerini göterse bolar. Meselem, lukman oňa gallýusinator şekilleriň suratlaryny çekmäni, gorkyny döredýän çeşmäniň suduryny palçykdan ýelmäp ýasamany ýa-da paranoidiň ýagdaýynydyr mazmunyny beýan etmäni maslahat berip biler. Lukman näsagyň öz başyndan geçirýän hupbatlary barada edýän gürrüňlerini uly gyzyklanma bilen diňlemeginiň özi şonuň kynçylykly başdangeçirmeleriniň derejesini ýokary galdyrýar.

Garaguşagyrydan hem şizofreniýadan ezýet çekýän näsagyň derdinden çekýän hupbatlarynyň derejesiniň galdyrylmagy üçin Wan Gog, Napoleon, Pýotr I, F. M. Dostoýewskiý, Strindberg we başgalar ýaly beýik şahslaryň başlaryndan geçiren hupbatlarynyň taryhyny ýatlamagam möhümdir. Näsaglar olaryň başlaryndan geçiren ol hupbatlarynyň seýrek duşup, gaýtalanmaýan ajaýyp tanymal adamlara öwrülendigine düşünmelidirler.

**Psihiki ýagdaýy (statusy).** Psihiki ýagdaý barada pikirlenmek özüňi alyp barşyň we gürleýşiň kysmylygy we düzülişi, näsag bilen psihologiki testler arkaly sorag-jogap hem testirleýsiň geçirilmegi esasynda düzülýär. Aslyýetinde-de psihiki ýagdaýy – psihiki funksiýalaryň (düşünje, şahs, töwerekde bolup geçýän zatlaryň duýgy agzalaryň üsti bilen kabul edilişi, pikirlenme, huşdur-ýatkeşlik, motorika, erk-ygtyýar, emosiýalar, aň) beýan edilmeginden hem-de şolaryň adamyň edim-gylymlarynda hem özüni alyp barşynda ýüze çykyp biler.

**Özüňi alyp baryş.** Özüňi alyp barşyň psihiki ýagdaýynyň iň wajyp görkezijileriniň biri bolup, kähalatlarda şol näsagyň ýagdaýynyň kliniki taýdan bahalandyrylmagyna mümkinçilik döredýän ýeke-täk serişdedir.

Meselem, kiçijik çagalaryň, kerleriň we lallaryň, şeýle-de bize nätanyş bolan özge dilde gürleýän näsaglaryň psihiki ýagdaýynyň keseliň kesgidini goýmaly bolanynda, psihiatr şonuň diňe özüni alyp barşyny suratlandyrmadan peýdalanyp, gytaklaýyn görnüşde tutuş psihika baradaky belli bir netijä gelmek arkaly şony doly suratlandyrmaga çalyşmaly. Her bir adamda gaýtalanmaýan morfologiki keşp bolup, şolam haýsydyr bir adamyny beýleki bir adamdan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär, ýöne şol bir wagtda her bir adamyň özüni alyp barşynyň hem gaýtalanmaýan keşbi bolýar. Geçirilen barlaglar arkaly şol keşbi has takyk görnüşde näsag bilen iş salşyp, ony gowy tanaýan adamyň çekip, suratlandyryp biljekligini anykladylar, ýagny adamyň özüni alyp barşynyň alamatlaryny orta lukmançylyk işgärleri oňat bilýär we psihiatra kömek edýär.

Sözsüz geçirilýän ýagdaýlar (gürleme bilen göni baglanyşykly bolmadyk ýagdaýlarda) özüni alyp barşyň ýüz-gözüň oýnadylyşynyň motor patternleri, göwräňi saklaýşyň görnüşi, üm-yşaratlar, el bilen edilýän hereketlerdir zatlar gürleşilmäniň düzümi arkaly öňe sürlüp ýüze çykarylanlary – barlaglaryň geçirilmesiniň ýörite gurallaryň ulanylmagyny talap etmeýän has ýeňil bolan hem elýeter usulydyr. Özüňi alyp barşyň synlanylmagy niýetlenilen zatlar kynçylykly başdangeçirmeleriň hem-de motorikanyň kontekstinde (baglanyşygynda) psihologiýada deňeşdirilme arkaly we tebigy şertlerde tejribe bolmadyk barlaglaryň amala aşyrylmagynda geçirilýär. Adamda tejribe bolmadyk barlaglar bilen etologiýa (özüňi alyp barşyň biologiýasy) meşgullanýar. Psihiatriýa klinikasyndaky etologiýanyň öňünde durýan wezipeler özüňi alyp barşyň keseliniň kesgidiniň goýulmagy we tapawutlandyrylyş kesel kesgidiniň kysmylylygynyň ýazylyp beýan edilmeginiň esasynda goýulmagy, özüňi şeýle alyp barşyň şu görnüşlisiniň döremeginiň sebäpleriniň düşündirilmegi (gurşaýan töwerege baglylygyny ýa-da genetikiligini), şeýle-de özüňi alyp barşyň modifikasiýalaşdyrylmagynyň öwrenilmegidir (özüňi alyp barşyň bejergisi). Usulyýet tarapdan etologiýa birinji nobatda synlanylýan özüňi alyp barşyň ýönekeýleşdirilmegi bilen meşgullanýar. Şol maksada ýetmek üçin sözsüz kommunikasiýalaryň ýörite glossariýalaryndan (düşnüksiz sözleri düşündirýän) peýdalanýarlar (W.B. Samohwalow, 1994). Özüňi alyp baryş öwrenilende we

işgärler okadylanda umumy etografiki shemadan peýdalanýarlar. Etogramma – kommunikasiýalaryň kanallarynda özüňi alyp barsyň patternleriniň yzygiderlilikdäki ýazgysydyr. Etogrammanyň esasynda «özüňi alyp barşyň keşbini», onuň dinamikasyny we özüňi alyp barşyň dürlüliginiň derejesini anyklap bolýar. Ýazgylaryň has doly görnüşleri synlanylyşyň dowamlylygy 20 minuta çenli çekeninde alynýar.

Adamy gürlemän, sözsüz özüni alyp barmagynyň umumy aýratynlyklary seljerilende özüňi alyp barşyň elementleri aýdyňlaşýar. Motor toplumlary (patternleri) aýratyn bölünip görkezilmeli-de, şolaram alamatlara we sindromlara (alamatlar toplumyna) gabat gelmeli. Şeýle-de, özüňi alyp barşyň çylşyrymly we ýoýulmalarynyň hem-de kontekstiniň (çylşyrymly formalarynyň) aýratynlyklary ýüze çykarylmalydyr. Motor toplumyna şu aşakdakylar girýär:

*Güýç bilen mejbur edilýän ýaly hereketlenmeler* – gözegçilige alynmaýan, öz-özünden döreýän, bolup geçýän wakalardyr ýagdaýlar bilen baglanyşyksyz bolan hereketlenmeler. Bular beýniniň organiki kesellerinde striar ulgamy zeperlenende, şol sanda neýroleptiki sindromda-da duş gelýär. Has görnetin ýüze çykýanlary – horeatiki giperkinez, atetoz, torzion gysylmasy.

*Muskullaryň erkiňe bagly bolmadyk düýrülmesi – sudoroglar*. Onuň geçişiniň arasy üzülmän ýa-da aram-aram kesilip geçme bilen häsiýetlenmegine baglylykda sudoroglaryň toniki hem kloniki görnüşleri tapawutlandyrylýar. Döreýşine baglylykda sudoroglar kelle (serebrallara) we oňurga toplumyna (spinallara) bölünýär. Olaryň döreýşi anaksiýa bilen baglanyşykly bolýar (meselem, özüňden gitmede), zäherleýji zatlaryň täsir etmeginde (meselem, strihnin bilen zäherlenmede), psihogen faktorlar bilen (meselem, isteriki-sudoroglar), şeýle-de olar öňi bilen garaguşagyra häsiýetli bolýarlar.

*Tikler* – aýry-aýry muskullaryň ýa-da olaryň toparlarynyň tizlik bilen geçýän ritmi bolmadyk, stereotipiki (gaýtalanylyp durýan), awtomatik hereketli çekmeleri. Zorluk bilen geçirilýän hereketlenmelerden tapawutlylykda, tikleri erkiňe buýrup, wagtlaýyn ýatyrylyp bilinilmegidir. Döreýşine baglylykda tikleriň newrotiki hem newroza çalymdaş görnüşleri bolýar (rezidual-organiki ýa-da somatogen sebäplerden döreýänleri).

Hereketleriň dogry ugrukdyrylyp bilinmeginiň bozulmasy – ataksiýa, esasan, merkezi nerw ulgamynyň bozulmalarynyň beýniniň dürli ýerlerinde döräninde duş gelýär.

Kelläniň birsyhly yralanyp durulmasy ýa-da şonuň hem göwräniň batly silkelenilmesi *ýaktasiýa* diýen ady göterýär. Ýaktasiýalar newrozlarda (aýratynam çagalarda depriwasiýanyň netijelerinde), akyl kemisliginde duş gelýär.

Ýorgan-düşegiň çäklerinde döreýän, ugrukdyrylmadyk, bitertip hereketlenmeleri, amentiw, akyl-huşuň delirioz bozulmalarynda görmek bolýar.

*Hereket stereotipiýalary* (erkiňe bagly bolmadyk, many-mazmunsyz, hiç bir sebäp bilen baglanyşykly bolmadyk birmeňzeş hereketleriň köp gezek gaýtalan-

masy) psihiki inertliligiň (hereketsizligiň) ýüze çykarylyşynyň görnüşleriniň biridir. Ol beýniniň organiki zeperlenmelerinde (Pikiň keselinde, beýnä gan öýülmelerden soňraky dörän ýagdaýlarda, şizofreniýanyň katatoniki formasynda, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bulaşmasynda, aýratynam garaguşagyryly näsaglarda duş gelýär.

Amala aşyrylýan hereketler näsagyň garamagyndaky özboluşly irki hereketleriň ýüze çykarylmagy bolup, daşyndan göräýmäge urp-adata çalymdaş bolýar. Urp-adata çalymdaş bolan şeýle hereketlenmeleriň topary ýönekeý, çylşyrymly ýa-da stereotip häsiýetli hem bolup biler. Kähalatlarda urp-adat görnüşinde geçirilýän hereketlenmeleriň öz ygtyýaryňa garaşly bolman, hatda şoňa garşylyk görkezileninde-de döräp, güýçlenip, esli derejede näsaga güýçli ezýet çekdirýän gynanja öwrülýär.

Şizofreniýa keseliniň daşarky gyjyndyryjylara bap gelmeýän jogaby berip, özlerini alyp baryşlarynyň umumylaşdyrylan düşünjesi *parapraksiýalar* diýlip atlandyrylýar. Olara: gelşiksizden bap gelmeýän aýny, köphalatda impulsiw hereketler, negatiwizm (daşarky täsire garşylyk görkezmek, gyjyndyryjynyň mazmunyna garşy gelýän hereketleriň edilmegi), ambiwalentlilik (psihikada biri-birine garşy gelýän pikirleriň bolmagy, biri-birine garşy gelýän hereketleriň edilmegi), paramimiýalar (ýüz-gözüň oýnadylyşynyň başga biriniňkä öýkünilip, meňzedilip geçirilmegi), sowagürlegenlik, soňky aýdylan sözüň alamaty, gürleýşiň ýagdaýa bap getirilmän, aýnadylyp geçirilşi ýaly ýagdaýlar girýär. Parapraksiýalara psihikanyň tutuşlaýyndan abatlygynyň bozulmasy we şizofreniýada psihiki bölünme ýaly garalýar.

Şizofreniýada motorikanyň bozulmalarynyň alamatlaryna pantomimiki (ýüz-gözüň bolşunyň üýtgedilmän saklanylmagy) ýagdaýyň ýüze çykarylyp, şonuň tebigylygynyň, gelşikliliginiň, hereketleriň sazlaşyklydan göze ýakymly owadan edilmeginiň ýitirilmegi girýär. Edilýän hereketler gödeňsi bolup, impulsiwligiň görkezilmegine ýykgyn edilýär. Üm-yşaratlar, göwräňidir özüňi saklaýyş enaýydan tagaşyksyz bolýar, göwre dartgynlanylyp çeýeligini ýitirýär. Kähalatlarda ýüz-gözüň oýnadylyşy, üm-yşaratlaryň edilişi sazlaşdyrylmadyk ýaly bolýar. Katatoniki şizofreniýada psihiki bozulmalar, esasan, hereketleniş çäklerinde ýüze çykýar (joşguna gelip gyzmalyk etmek, stupor, kähalatlarda şolaryň biri-birlerini çalşyrşyp durmalary). Ehomimiýalar näsaglaryň töweregindäkileriň ýüz-gözüni oýnadyşyna öýkünip, şolary gaýtalamagy, ehopraksiýalar töwerekdäkileriň üm-yşaratlaryna, hereketlenmelerine öýkünip şolary gaýtalamagy ýaly ýagdaýlar hem duş gelýär. Gebefreniki sindromyň düzümine ýüz-gözüň has mojuk aýny oýnadylyşy (ýüz muskullarynyň gimnastiki görnüşde dartgynlandyrylyp çekdirilmeleri, maner görnüşindäki pantomimika, özüňi impulsiw görnüşde alyp barmak we ş.m.) girizilýär.

Gepleşiksiz özüňi alyp barlyş – näsagyň özüni alyp barşy beýan edilende, onuň hereketini, ýüz-gözüni oýnadyşyny, durmuşyny, üm-yşaratlaryny, lokomosiýalaryny göz bilen görüp synlamadan peýdalanylsa bolar.

**Mimika (ýüz-gözüň oýnadylyşy).** Mimika ýüzüň myşsalarynyň ugrukdyrylan hereketlendirilmesi bolup, şonuň üsti bilen adamyň dürli görnüşdäki psihiki ýagdaýy beýan edilýär. Ony öwrenmekligiň psihiatriýada keseliň kesgidiniň goýulmagyna möhüm ähmiýeti bolup, mimikanyň tipologiýasy (kysmylygy) psihiki ýagdaýyň has takyk bahalandyrylmagyna ýardam edýär. Mimikanyň özgerip, üýtgäp, dürli görnüşlere gelşi we oňa gözegçilik edilmegi adamyň haýsy millete degişlidigine-de bagly bolýar. Gözegçilik edip bilmeklige bolan ukyp näsagyň ýüz-gözüni oýnadyp, haýsydyr bir görnüşe getirip bilýänligini, şony tijendirip bilýänligini, meselem, gam-gussasy düýbünden ýok adam özüni gam-gussaly görnüşe getirip ýa-da şadyýana ýyljyraklama arkaly özünde bolan gam-gussany ýaşyryp bilýänligini aňladýar. Şeýle aldawçy nikap çynlakaýlygyň mekirsiz mimikada ýüzüň ýokarky hem aşaky motorikasynyň (hereketlenmeleriniň) sag hem çep taraplarynyň çäklerinde ýagdaýa, duýga bap gelmelidigini açyp görkezen P. Ekmanyň usuly arkaly bilinýär. Meselem, adam ýasama däl-de, çynlakaý ýylgyranda ol diňe bir agzyň burçlaryny ýokary galdyrylmagy bilen geçmän, eýsem, gözüň burçlarynda ýygyrtjagazlaryň emele gelmegi hem bolmalydyr.

Klassiki psihiatriýada «Sallanan mimiki keşp» diýlip, gallýusinasiýalary başdan geçirip, affektiw ýagdaýynyň tiz-tizden üýtgäp, begenjiň gamgynlyk bilen çalşyrylyp durulmasy bilen häsiýetlenip geçýän keseliň ötüşen (hroniki) görnüşini bölüp görkezýärler.

Mimiki bozulmalaryň umumy suratlandyrylyşynda mimikanyň ýoýulan görnüşde geçirilip onuň näsagyň emosiýalaryny ýa-da ýagdaýa baglylykdaky kynçylykly başdangeçirmelerine laýyk gelip, baplaşmaýan ýagdaýyndaky döreýän paramimiýalar aýratyn bölünilip görkezilýär.

Nerw ulgamynyň organiki zeperlenmesinde muskullaryň rigidliginiň, atrofiýasynyň ýa-da paraliçiniň (parkinsonizm, neýroleptiki sindrom, katatoniki stupor) netijesinde mimikanyň ýüze çykarylyşy ýüzleý görnüşlilik, nikapkysmylylyk bilen tapawutlanyp, ýüzüň keşbi özgermän, şol bir durşunda saklanýar. Mimiki, ýagny ýüzüň muskullarynyň giperkinezleri, doňup galan ýaly bolan gowuşgynsyzlygy, torzion we atetotiki giperkinezler (Wan Bogartyň sindromy) öçügsi, barha beterleýji degenerasiýasy we gipotalamusda atrofiýanyň ojajyklarynyň döremegi bilen şertlendirilendir.

Katatoniki mutizmde näsagyň ýüzünde hem dodaklarynda özboluşly keşp döräp, mimika berilýän soraga jogap gaýtarylmanyň islenýänligini tassyklaýanam bolsa, ýöne şol isleg amala aşyrylmanlygyna galýar (Segliň alamaty).

Ýüzüň adaty kysmylygy onuň zolaklaryna: maňlaý zolagyna, gözüň ýokarky we aşaky gabygynyň sebitlerine, ýüzüň ýokarky dodaklaryna çenli, görejiň ýokarky we aşaky dodagyň sebitlerine, eňegiň sebitlerine degişlilikde beýan edilýär. Şeýle-de ýüzüň ýokarky hem aşaky, ýüzüň çep hem sag toparyndaky sebitlerde mimikanyň ýüze çykarylyşynyň aýratynlyklarynyň hasaba alynmagy zerurdyr.

**Maňlaý sebiti.** *Ýygyrtlaryň şekilleri:*

a) gorizontallary – negatiw bozulmalarda hem-de energiýa potensialynyň reduksiýasynda (gaýtalanmagynda) ýüze çykýar. Bu ýagdaý näsagyň nämedir bir zady psihologiki ýitirenligini duýanynda, meselem, durmuşdan lezzet almasyndan dyndarylan ýalylygyny duýanynda döreýär. Ol näsagyň keseli bilen bir ýyl keselländen soň has hem äşgär bildirip başlaýar.

b) keseleri – agram salynylmagy, çuňňur oýa batylanlygynyň görkezijisi. Bu ýagdaý samramaly näsaglarda-da duş gelýär.

*Gaşlar.* Kadada ugursyz hereketlenegen bolup, emosional ýatkeşlik ýagdaýyny aňladýan mimiki komponentdir. Çagalarda gaşlaryň bürülmegi oýa batylanlygy görkezip, ediljek bolunýan hereketleriň niýetlendirilişini görkezýän alamatdyr. Ululardа gaşlaryň bürülmesi bolsa özüniň agressiw duýduryjylygyňy görkezmekdir. Gaşlary ýokary galdyrmak – salamlaşylanynda hem oýunlarda, şeýle-de nämedir bir zada gyzyklanylanynda duş gelýär. Kadada haýsydyr bir başga adam geleninde salamlaşmanyň mimiki yşaraty doräp, ol hem gaşlaryň galdyrylmagy bilen aňladylýar, ýöne şeýle ýagdaý şizofreniýanyň defektli görnüşinde bolmaýar.

Şizofreniýaly näsaglaryň paramimiýasynyň alamatlarynyň biri korrugator fenomen diýilýänidir. Bu ýagdaý maňlaý sebitdäki muskullaryň tirpildisi bilen şertlendirilip, esasan, gaşlary bürüşdirýän muskullaryň ýygrylmagyndan döreýär. Ýokarlanan ünsüň hem görkezijisi bolýar.

**Göz gabaklarynyň sebitleri.** Göz gabaklarynyň şeýle komponentleri beýan edilýär.

a) gözüňi ýummak; b) göz gabaklarynyň gyrpyldamasy, gözüň gabaklarynyň sandyramasy (onuň bolsa gözüň gypylmagyndan tapawutlandyrylmagy zerur); ç) gözleriňi süzmek; d) gözleriňi açmak; e) gözüň astynyň hamynyň gözüň aşaky gabygynyň dartgynlanmasy bilen baglanyşykly çişip pökgermesi.

**Gözüň ýokarky gabagynyň sebiti.** Endogen depressiýaly näsaglara şol ýerde Weragutyň epininiň emele gelmegi häsiýetli bolýar. Ol şeýle elementler arkaly döredilýär – gözüň ýokarky gabagy hem seýrek bolmadyk halatlarda gaş içki we ortaky serhetlerde ýokary tarapa çekilip, ýaý görnüşli aýlawlygyň deregine burç emele getirip göýä gam-gussaly hasratly şekili berýär.

Çagalarda newroz bolanynda Epşteýniň alamaty ýüze çykýar – tolgunmalarda gözüň ýokarky gabagy aşak düşmän, näsagyň ýüzünde gorky alamatlaryny döredýär.

**Gözüň aşaky gabagynyň sebiti.** Bu düşünilmezlik kontekstine degişli bolýar. Somatiki patologiýa bolanynda özgerýär. Gözüň gabaklarynyň arasynyň açylyş derejesi näsagyň gyzyklanmadan ýaşyrynlyga hem uruşmaklyk meýillerine ýykgynlylygyny, emosional-mnestiki ýagdaýyny häsiýetlendirip biler.

**Gözleriň sebitlerindäki elementler.** *Göreç.* Göreçleriň giňelmesi – midriaz, dürli sebäpler bilen şertlendirilip bilner, meselem: görejiň sfinkteriniň (büzmeginiň)

gözi herekete getirýän nerwiň paraliçi, göreji giňeldýän agzanyň berk düýrülip gysylmasy, derman damdyrylmagy (atropin), zäherlemeler (kokain, hloroform we ş.m.).

Göreçleriň daralmasy – mioz. Derman-därilerden (pahikarpiniň damdyrylmagyndan), beýniniň merezýel keselinden (Argaýl Robertsonyň sindromynyň düzümine girmesi bilen), simpatiki nerwiň boýun bölüminiň zeperlenmesinden (paralitiki mioz), göreji gysyjy büzmegiň çekilip, berk gysylmasyndan (spastiki mioz), Waroliýew köprüsiniň sebitlerine gan öýülmeden, meningitden, zäherlenmeden (opioidler, brom bilen zäherlenme) we ş.m. döräp biler.

Midriaz we göreçleriň ýagtylyga bolan reaksiýasynyň ýitirilmegi garaguşagyry tutgaýlaryndan soň hem duşup, muskullaryň ýygrylyp güýçli dartgynlanmasy bilen geçip biler (Redlihiň alamaty).

Garaguşagyry tutgaýlaryndan soň göreçleriň ululygynyň gyradeň bolman, biriniň giňräk, beýlekisiniň darrak bolup, onuň bir gije-gündizläp dowam etmegem mümkin (Semýonowyň alamaty). Şol tutgaýlaryň aralygyndaky döwür bolman, şonuň bilenem beýniniň organiki kesellerinde duşýan durnukly anizokoriýadan tapawutlanyp, kakyn tutgaýlarynda duş gelmeýär.

M. O. Gurewiç (1949) affektleriň bozulmasyna güwänamalyk edip, şonda «göreçleriň oýnamasynyň» ýoklugyny tassyklama alamaty hökmünde belläp geçipdi: «Başdan, adatça, göreçleriň oýnaýşy ýitirilip, soňra psihiki refleksler ýitýär, ýagny psihiki faktorlaryň täsir etmeginde göreçleriň özgermesi ýüze çykýar we iň soňunda-da göreçleriň agyra bolan reaksiýasy ýitýär. Şizofreniýadan daşgary bu alamat beýniniň kemakyllyga alyp barýan organiki bozulmalarynda-da (garrylyk kemaklyllygy, garaguşagyry, progressiw paraliçi) duş gelýär. Funksional kesel dörände we süňňi sag adamlarda bu ýagdaý döremeýär.

Göreçleriň ýygjam görnüşde giňelip-daralyp durmagy (göreçleriň bimazalanmagy bilen geçýän Westfalyň alamaty) şikeslenmeden soň dörän parkinsonizmde, beýniniň merezýelli zeperlenmesinde duş gelýär.

Has äşgär ýüze çykyp bildirýän katatoniki hereketsizlenmegi – Westfal-Bumkeniň alamaty ýüze çykýar. Aram-aram göreçler giňelip sekuntlap, sagatlap, günläp dowam edýär. Şonda göreçler kähalatlarda ýagtylyga reaksiýa bermän, akkomodasiýanyň (göreçleriň aýdyň görmäge gönükdirilip bilinmezligi) we konwergensiýanyň (zatlar ýakyndan syn edilende göreçleriň biri-birine ýakynlaşdyrylyp bilinmezligi) bolmazlygy hem ýüze çykýar. Bumkeniň alamaty (göreçleriň agyra hem täze görülýän zatlara bolan reaksiýanyň bolmazlygy) negatiw hem şizofreniki defektli ýagdaýlarda döräp biler.

**Göz agynyň (skleralarynyň) sebitleri.** *Gözüň çüňkleri.* Gözüň antimongoloid gyýaklygy – gözüň gyrasynyň aşak sallanmagy oligofreniýaly näsaglarda duşup biler. Gözüň çüňkleriniň sallananlarynyň ýylgyrma bilen utgaşanlary depressiýalarda duşýar (Pýeronyň alamaty «ýyrşarýan depressiýa»).

*Göz aklarynyň ýaldyramasy:*

Çižiň alamaty – göz aklarynyň garaguşagyrydaky gurşunpisint ýagjymak ýaldyramasy; Wasnesowyň gözleri – göz neminiň agdyklyk etmeginde köp sanly ýalpyldamalaryň döremegi maniakal näsaglarda duş gelýär;

Wrubeliň alamaty – göz gabaklarynyň arasynyň giňräk açylmagynda goşa ýylpyldy gözüň ýokarky gabygyna ýakyn bolup, huşda garaňkylykdaky ýaly bozulmasynda hem-de tireotoksikozda duş gelýär.

*Gözleriň hereketlenmeleri.* Beýniniň käbir dogabitdi organiki patologiýasynda gözleriň öz erk-islegiň boýunça gapdallara aýlanyp bilme ukybynyň bolmazlygy ýüze çykýar. Onuň öweziniň dolmak maksady bilen kelle gapdala öwrülende gözler güýç bilen beýleki – garşy tarapa sowulýar, gözleriň aşak – ýokary bolan dikligine edilýän hereketleri bolsa özgermänliginde galýar. Bu alamatlar Koganyň sindromyny emele getirýär («Göz hereketlenmesiniň bölekleýin bolan dogabitdi ataksiýasy»).

Kakyn körlükli näsaglarda kelläniň passiw aýlanmasy bolanda, göz almalary emaýlyk bilen birsydyrgynlykda ters tarapa garşy aýlanyp süýşýärler-de, göreçler lukmanyň ýüzüne dikilgiligine galýarlar. Muňa «Nazaryň doňdurylmasy» alamaty diýilýär.

Ensefalit, Parkinsonyň keseli, parkinsonizm kesselleriniň neýroleptikler bilen bejerilmeginiň netijesinde gözleri herekete getiriji muskullaryň utgaşdyrylan gapdala sowulmaly gyşarmalaryna «gözi herekete getiriji kriziň» döremegine getirýän gözleri herekete getiriji muskullaryň toniki spazmy hem duş gelýär. Şizotoksiýanyň, ýagny şizofreniýa genleriniň ýaşyryn görnüşde saklanylyp, gezilip ýörülmeginde duşýan alamatlaryň biri – hereketlenip, yranyp duran maýatnige (çarha) seredilende, göz almalarynyň itelenilip sarsa hereketlenýän ýaly gymyldamalary bolup durýar.

**Nazaryň häsiýetlendirilişi.** Söhbetdeşler ysnyşyp gürleşenlerinde, olaryň biriniň nazaryny beýlekisine dikişiniň dowamlylygy 1-10 sekuntdan uzaga çekmeýär. Söhbetdeşiň ýüzüne dikanlanylyp dikilen nazar 5-7 sekuntdan uzaga çekiberse (siňe seredilme), ol mimikanyň agressiw – duýduryjylykly elementi bolup, gaýry oňuşyksyzlykly elementler bilen utgaşanynda, ýaşyryn bolan agressiýany (oňuşmazlygy, uruşma bolan döwtalaplygy) aňladyp biler. Siňe seretmek güýçli gyzyklanylmagy ýüze çykaryp biler, şol ýagdaýda özüňe bähbitli bolan pursatlarda döreýär.

Adaty şahsara aragatnaşyklar gurnalanda, köplenç halatda biri-biriňi synlama bilen meşgullanylýar. Söhbetdeşlikde diňleýän özüniň gürläp bilmesindäkisinden söhbetdeşine garaýşy iki esse artyk bolýar. Söhbetdeşiň özüňe golaýlaşyberende nazaryň ondan sowulýanlygam mälim zatdyr. Nazaryň dikilişiniň uzaklygy hem ýygjamlygy şolaryň aralygynyň daş-ýakynlygyna-da bagly bolýar.

Nazarlaryň göni ýüze dikilişini hem gapdala sowulyşyny bölüp görkezýärler. Şizofreniýa keselliler sag adamlara garanyňda gapdala has ýygjam, söhbetdeşiniň

ýüzüne bolsa dikanlap has seýrek seredýär. Hut şeýle görnüşde geçirilýän nazarlar defisitar sindromda-da duş gelýär. Nazaryň hut öz göwräňedir teniňe dikanlanylyp dikilmegi köplenç halatlarda katatoniki sindromda, Kandinskiý – Klerambo we defisitar sindomlarda duş gelegen bolýar. Penjirä ýa-da ýagtylygyň çykýan ýerine ýygjam hem uzak seretmek ýaşyryn bolan depressiýanyň alamaty bolup, ipohondriki ýagdaýlarda-da duş gelýär. Ýagtylyga seretmekden boýun gaçyryp ümzügiňi garaňkylyga tarap atmak, şikeslenmeden soň döreýän ýagdaýlara häsiýetli bolup, ol hem adatça, sese bolan duýgurlygyň ýokarlanmasy – giperakuziýa bilen utgaşýar.

Özüňi aýnada geň galma bilen synlap, ýüzüňi ýygjam sypalaşdyryp durmak – «aýna» alamaty atrofiki psihozlarda, aýratynam Alsgeýmeriň keselinde has ýygjam duş gelýär. Şeýle-de şu bozulmada Alsgeýmeriň geň galmasy diýilýän aýratyn ýagdaý döräp, näsagyň gözleri geň galmaly görnüşde giň açylyp, agzy çalarak öwelýär, gözlerini gyrpyşy seýrekleýär. Şol ýagdaý näsagy uzak wagtlap görmediklere hasam äşgär bildirýär. Emma «ýüz görülýän aýna» meýliň artmagy we şonda öz keşbiňi synlamaklyk ýetginjekleriň dismorfopsiýalarda öz-özüni synlap deňeşdirmesinde-de duş gelýändigini hem ýatdan çykarmaly däl.

**Agyz sebitleriniň elementleri.** *Dodaklaryň sebiti.* Erniň aşak sallanan ýagdaýlary depressiýada duş gelýär. Turbajyk görnüşinde çömmeldilen dodaklaryň öňe tarap uzadylmagy – «holtum» alamaty birnäçe sekuntlap ýa-da dodaklar dartgynlanyp, çekilme gataýança uzak wagtyň dowamynda saklanylmagy katatoniki şizofreniýada duş gelýär. Sopor bolanynda näsagyň gapdalynda duran adam elini çalarak salganynda distantoral refleksiň döräp, holtum reaksiýasyna getirýänligini hem görmek bolýar. Ýylgyrma haýyş edileninde şizofreniki şikesli näsaglaryň tas 70%-i diýen ýaly ýyrşarma bilen dodaklaryny çömmeldip, şolary holtumjyk görnüşine getirýärler.

Agzyň giň açylmagy («balyk agzy») diýilýäninde agyz hatap ýaly giň açylyp, dodaklar öňe uzaldylýar. Depriwasiýanyň, sensor daşlaşdyrylmagynyň netijesinde şeýle ýagdaý neşekeşlerde-de duş gelýär.

*Ýylgyrma.* Şizofreniýada alamatlar köplük edeninde ýüzüň aşaky hem ýokarky taraplaryndaky ýüz-gözüň oýnadylyşynda dissosiýalar (bozulmalar) döreýär, negatiw alamatlar ýüze çykanynda bolsa, şolar ýüzüň sag hem çep taraplarynyň biri-birinden tapawutlanmasy bilen häsiýetlenýär. Diliň hem dodaklaryň birtaraplaýyn bolan tikleri (tirpildemeleri) kakynlylarda hem Žil de le Turettanyň sindromynyň – Brisso-Mariniň alamatynyň düzüminde döreýär. Neýroleptikler bilen bejergi geçirileninde döreýän dowamly parkinsoniki sindromyň görnüşleriniň biri Wilnýewiň sindromydyr. Ol çäklendirilen ekstrapiramid alamatlar – dodaklaryň her sekuntda bäş gezek tirpildäp, towşanyň dodaklarynyň hereketlenmesini ýatladýan ýagdaý bilen häsiýetlenýär.

Tetraetilgurşun bilen zäherlenmede hem intoksikasion psihozlarda saç alamaty ýazylyp beýan edilýär, ýagny agzyňda saçyň ýa-da ýüplügiň barlygy duýlup,

şolary näsaglar agzyndan çykarmaga çalşyp, dilini hem dodaklaryny birsyhly hereketlendirip oturmasy bilen geçýär. Diliň hem dodaklaryň muskullarynyň ritmiki görnüşdäki sudoroglary, dodaklaryň şapbyldadylmasy hem-de çeýneme hereketleriniň edilmesi, ýagny opekulýar sudoroglar bilen geçirilip, maňlaýyň yzky tarapynyň aşaky beýni gasyn egremleri zeperlenende duş gelýär.

**Duruş (poza).** Göwräniň duruşyny saklamaklygy epiji we ýazyjy muskullaryň dartgynlanma we gowşama elementleriniň özara gatnaşygyny sazlaýar. Duruş howsalanyň, depressiýanyň, stuporyň, relaksasiýanyň görkezijisi bolup biler. Durşy kelläniň, eginleriň, göwräniň, aýaklaryň elementleri emele getirýärler.

Uzak wagtlap bir boluşly durkuňy saklap bilmek ukybynyň bolmazlygyny akatiziýa, ýagny uzak wagtyň dowamynda bir durşuňy saklap bilmezlik diýlip kesgitlenilýär. Onuň ýüze çykyp, ilkinji bildirýän taraplary gynaýjy duýgularyň döremegi bolup, ol hem hereketleriň batlandyrylmagyna mejbur edýär, hereketlenmeler bolsa ikinji orunda bolup, reaktiw häsiýete eýe bolýarlar. Akatiziýanyň (uzak wagtlap oturyp bilmezligiň) döremegini beýni sütüniniň retikulýar formasiýasynyň zeperlenmesi bilen baglanyşdyrýarlar.

Tasikineziýada tükeniksiz hereketlenmä, gezmä, ümzük atylma bilen geçýän işjeňlik häsiýetli bolýar. Akatiziýadan tapawutlylykda tasikineziýada gynaýjy, hasrat çekdiriji duýgular bolman, hereketlenmä bolan isleglerdir talap ilkinji orny eýeleýär. Bu ýagdaý beýniniň käbir organiki zeperlenmelerinde duş gelýär (epidemiki ensefalit we başgalar).

Ýörelende ýa-da ýeňiljek itelenende – propulsiýada göwräniň öňe gönükdirilen hereketleriniň tizleşdirilmegi, saklanyp bolmajak ýagdaý döreýär, ol Parkinsonyň keselinde we parkinsonizmde duş gelýär. Kelläniň we göwräniň öňe-yza tarap edilýän hereketleri bilen öňe uzadylan elleriň ýazylmagy «Salaamow» sudorogy Westiň çaga miokloniki garaguşagyry sindromynyň düzümine girýär.

Uly hem gartaşan adamlara uzak wagtlap neýroleptikler bilen bejergi geçirileninde kükregiň ýokary bölüminiň, boýnuň we kelläniň öňedir gapdallara gyşardylmalary, birtaraplaýyn eplenilip towlanmalary bilen häsiýetlenýän «pizan diňi» diýilýän distoniki sindrom döreýär. Şeýle-de geň-enaýydan aýnylygyň görkezilmegem, el-aýaklarda atetoid hereketleriň edilmegem ähtimaldyr.

Ýalynjaň – oýunjak gurjaklary ýatladyp, kemakyllyk, garaguşagyra meňzeş tutgaýlar, zorluk bilen etdirilýän gülki, ýüz-gözüňi oýnatmaklyk bilen utgaşykly häsiýetlenýän özboluşly hereketlenmeler Endželmeniň sindromynda duş gelýär.

Katatoniki stuporda, çuňňur kemakyllykda (oligofreniýada), defektlilik ýagdaýlarynda, marazmda (akylsyzlykdan adam sypatyňydyr görküňi ýitirip, aňkaň aşmak, baryp ýatan mahluga öwrülmek) «Embrional duruş» diýilýän ýagdaý döräp näsaglar aýaklaryny çüýjük hem dyz bogunlarynda epläp, olary güýç bilen kükreklerine basyp berk gysýarlar. Ellerini dyzlarynyň daşyna dolap, eňeklerini dyzlaryna basýarlar. Katatoniki simptomokompleks «howa ýassygy» (kelläniň ýassykdan ýo-

kary galdyryp uzak wagtlap şeýle ýagdaýda saklanylmagy) diýilýän alamatlar hem häsiýetli bolýar. Aýaklaryň dynuwsyz hereketlendirilmeleri Witmaaka Ekbolmyň sindromynyň düzümine girip, neýroleptiki piramid bozulmalarynyň hataryna degişli bolýar.

Tutgaýa meňzeş agyrylaryň, paresteziýalaryň (ýalançy agyrylaryň) peýda bolmagy hem häsiýetli bolup, olar diňe hereketlenmä gelnende aýrylyp gidýär (hereketlenmeler ikinji orunda durma häsiýetine eýe bolýar). Olaryň sinonimleri hem bolýar – dek durup bilmeýän aýaklaryň sindromy – «ýadamaýan aýaklaryň» sindromy, «dyzlaryň bimazalandyrylmagy». Bu alamat somatoform bozulmalaryň düzümine hem girip biler. Ol ýaşyryn howsalanma degişlidir.

Kakynyň aýratyn görnüşini Bambergeriň sindromy häsiýetlendirýär – aýaklaryň muskullarynyň kloniki sudoroglary, bökejekleme, tans hereketleriniň edilmegi aýaklar ýere degrilende döräp başlaýar. Autizmli hem şizofreniýaly çagalarda daraklygyna galyp ýöreme – «balet ýöreýşi» diýilýän ýagdaý döreýär. Bu özboluşly regressiw (serpigip beterleýän) alamat bolup, ol ýaňy doglan bäbekleriň dabanlaryny uzadýanlygyny ýatladýar.

**Üm-yşarat.** El hereketlenmeleriniň elementleri durşuň düzümine girýän hem bolsa, şol bir wagtda olar üm-yşaratlaryň düzümini hem döredip, emosional psihiki ýagdaýlar, depriwasiýa bilen baglanyşykly bolýarlar.

Yşarat diýlip boş, erkin eliň bilen edilýän herekete aýdylýar, haýsydyr bir zat bilen özara gatnaşykly hereketlere bolsa manipulýasiýa (el bilen edilýän çylşyrymly hereketler) diýilýär.

Üm-yşaratlar sferasyndaky patologiýa takyk hereketleriň aýyl-saýyl edilip, tapawutlandyrylyp bilinmesiniň bozulmasynyň üsti arkaly ýüze çykyp biler. Innerwator apraksiýa birgiden çylşyrymly we inçe hereketleriň tagaşyksyz bozulmasy bilen häsiýetlenip, şonda bozulma aýaklaryň ýa-da elleriň haýsy hem bolsa birinde ýa-da böleklerinde bolýar. Bular newrologiki kesellerde duş gelýär.

Kinestetiki apraksiýada (hereketlenmeleriň maksadalaýyk geçirilip bilinmeginiň, zatlaryň nirede we näme üçin ulanylýanlygyna bolan düşünjäniň ýitirilmegi) näsaglar ýeterlik güýji sarp edip bilmän barmaklaryny gymyldadyp, penjesini aýlap-towlap bilmeýärler. Edilýän hereketler takyklyk bilen geçirilmän, belli bir zada gönükdirilip bilinmeýär. Bu ýagdaý beýniniň öň tarapky hem merkezi egremlerinde zeperlenmeler dörände ýüze çykýar.

Erkiňe bagly bolmadyk geň-enaýy çylşyrymly, haýal geçirilip köp gezek gaýtalanýan, gerimi giň bolmadyk hereketleriň el-aýaklaryň uç taraplarynda geçirilýänleri – atetoid giperkinezler MNU guýruk ýadrosynyň we beýni gabygynyň sebitlerinde ornaşan guýruk bölüminiň skorlupanyň zeperlenmelerinde ýüze çykýar. Kakyn giperkinezleri hereketleriň çylşyrymly geçmesiniň geň-enaýylygy, tagaşyksyzlygy bilen tapawutlanyp, muskullaryň tonusy ýokarlandyrylmaýar-da, psihogen ýagdaýda döräp, parahat, arkaýyn ýagdaýda bolsa aýrylyp gidýär. Beýni

gabygynyň giperkinezi kloniki sudoroglar bilen häsiýetlenip, beýni gabygynyň hereketlendiriji zolagy zeperlenende döreýär.

Hereketlenme awtomatizmi alamaty (elleriň barmaklarynyň hereketlenmesi, uşak zatlaryň elleşdirip görülmegini ýatladyp, 2, 3 we şolara garşy goýulan bäşinji barmagyň ritmiki sandyramalary bilen ýüze çykýar. Onuň umumy atlandyrylyşy – krosidizm bolup, parkinsonizmde duş gelýär. Hereketlenmäniň şu bozulmasyna «teňňe sanamak» alamaty, «pilýulalary togalama» alamaty diýilýär.

Elleriň penjeleriniň stereotipiki ritmiki hereketlendirilmegi («elleriňi owkalama» alamaty) diňe gyzlara häsiýetli bolup, kemakyllygyň beterlemegi, muskul tonusynyň peselmesi bilen geçýän Rettiň sindromynyň esasy alamaty bolýar. Şizofreniýada elleriň barmaklarynyň dyngysyz hereketlendirilmesi bilen biri-birlerine deglip aýnadylmasy ýaly ýagdaý ýygjam duş gelýär. Nämedir bir zady egniňden çykarylýan ýaly, meselem, geýimi, ýorgany, prostyny («aýyrmak» alamaty) sypyryp almak mussitirleýji deliride, amensiýada (huşuň bulaşyp, töwerekdäki zatlara akyl ýetirip düşünibilmezlik) duş gelýär.

Titrewükli ysmazyň ýuwenil görnüşi (Hantyň sindromy), adatça, el-aýaklaryň haýsy hem bolsa birinde ritmiki sandyramalaryň döremegi bilen başlanýar. Muňa nikapkysmy ýüz, bradikineziýa (hereketleriň haýallamasy), göwräniň saklanylyşynyň özgerdilmesi, muskul tonusynyň ýokarlanmasy, dizartriýa (gürleýşiň bozulmalary), gürlenilşiň bir äheňliligi häsiýetli bolýar. Morfologiki taýdan striopallidar ulgamynyň, alabeder bedeniň motor öýjükleriniň zeperlenmesinde duş gelýär.

Özüňe bagly bolmadyk ýapyşyp tutmak «tutmak refleksi», beýni gabygynyň premotor zolagynyň zeperlenmesinde el-aýaklaryň başarnyksyzdan ebeteýsiz hereketleri ýüze çykýar. Beýniniň maňlaý bölüminiň zeperlenmesinde şol bölümiň beýleki tarapyndaky eliň hereketlendirilýän pursatynda hereketiň duýdansyz durzulyp doňdurylyp galdyrylmagy bilen häsiýetlenýän Barreniň alamaty ýüze çykýar. Käbir halatlarda bolsa şondan soň sudorogly tutgaý alamaty döreýär. Öz erk-ygtyýaryňa baglanyşyksyzlykda bokurdagyňy hem boýnuňy owkalaşdyrmak, ýaşyryp bolan howsalanyň alamaty hökmünde hyzmat edip biler.

**Lokomosiýalar (hereketlenmeler).** Ýöräp bilmekligiň bozulmasy kesel kesgidiniň goýulmagyna esas döredýär. Ýöremäniň bozulmalary kakyn ataksiýasynda (hereketlenmeleriň ugrukdyrylyp bilnişiniň bozulmalary – (Brikeniň sindromynda) duş gelip, muskul duýgusynyň peselmesi bilen geçýär. Alkogol ataksiýasy hem hereketlenmeleriň ugrukdyrylmasynyň bozulmalary, ýöreýşiň durnuksyzlygy bilen häsiýetlenýär. Gemiplegiki (göwräniň bir tarapynyň paraliçi) ýöreýiş – paraliç bolan aýagyny gapdala süýşürip, ýarymaýlaw hereketlenmeleri edýär («gyşarýan ýöreýiş», «pyrlanýan» ýöreýiş); «gurjak ýöreýşi» (parkinsonizm duş gelýänini) göwräniň dim-dik tutulmagynda ädimleriň maýdaja ädilmegi we ýörelende elleriň hallan atdyrylmazlygy bilen häsiýetlenýär, «tilki ýöreýşi» – dabanlaryň bir liniýada goýulmagy (beýniniň maňlaý bölümleri zeperlenende döreýär); «uçup, gaýyp

barýan ýelek» kysmy ýöreýiş (kakynlylarda duş gelýär) ädimleriň giň ädilmegi, bökmek bilen häsiýetlenip, näsag haýsydyr bir zada büdräninde saklanyp, ýöremesini togtadýar; «gojalaryň ýöreýşi» – maýdaja ädimleme bilen aýaklaryňy şarkyldadyp ýere urma bilen geçirilip, elleriň ädimlere kybapdaşdyrylyp hallan atdyrma ugrukdyrylmasynyň edilmezliginde geçirilýän ýöreýiş: «syryp-süpüriji» ýöreýiş (kakyn psewdodemensiýasyna – ýalan kemakyllygyna häsiýetli bolýar) – paraliç bolan ýaly herekete getirilmän, süýrelip, barýan ugruny süpürýän ýaly edip, hakyky gemiplegiýadaky ýaly daban ujy bilen aýlawly hereketleri etmeýär.

Näsaglaryň aýlawly hereketleri ädýänligi baradaky hereketlenme bozulmalaryny beýan edýän ýazgylaram bar. Bu bozulmalar garaguşagyry sirkumsiw tutgaýlarynda duş gelýär. Sinonimi – garaguşagyry aýlawly (rotator) tutgaýy. Şizofreniýaly näsagyň uly bolmadyk aýlaw meýdançasynda aýlanyp çalasyn, ýöremesi bilen häsiýetlenýän «tans edýän derwüş» alamaty barada hem ýazylyp beýan edilipdir. Paroksizmal görnüşde ýüze çykýan zorlukly etdirilýän, öz daşyňda pyrlanma bilen geçirilýän hereketlenmeler dürli sebäplere görä döreýän beýniniň çep depedäki bölümlerinde gödeksi organiki zeperlenmeler döräninde duş gelýän Mersýe-1-iň sindromynda ýüze çykýar.

Beýniniň gödeksi organiki patologiýasynda göwräniň ýarpysyny duýmazlyk alamaty bellenýär (Ştokkeriň alamaty). Ýörelende göwre zeperlenen tarapyna gyşaryp, töwerekdäki zatlar bolsa ters tarapa süýşýän ýaly bolup duýulýar.

**Manipulýasiýalar.** Manipulýasion işjeňlik haýsydyr bir zadyň ele alnyp hereket edilmesi, bir işiň amala aşyrylmasy arkaly aňladylýar. Testiň ýerine ýetirilmegi üçin saýlanyp alynýan manipulýasiýa geçirilmeli zady, meselem, erkekler, köplenç, uzyn, gaty zady, taýagy, aýallar bolsa esgini saýlap alýarlar. Başga bir ýagdaýlarda saýlap alma özgerdilýär. Şizofreniýada haýsydyr bir zady ilkinji gezek garbap almak penje bilen amala aşyrylyp, şol bir wagtdada näsag barmaklary bilen saçyny sypalap görküni gelşige getirýär. Çagalara agzy ýapylgy haltadan bir zady saýlap almak teklip edilende, olar başda-barat hereketlere ýüz urmany hem agressiwligiň ýokary derejeliligini görkezýärler, ýiti we gaty zatlary, meselem, çüýleri saýlap alýarlar, autizmli we şizofreniýaly çagalar bolsa plastilini ýa-da esgijikleri saýlaýarlar. Manipulýasiýalaryň synlanylmagy oýunlar geçirilýän halatlarda ýa-da art-terapiýa geçirilýän wagty has amatly bolýar. Manipulýasiýalaryň geçirilmegi üçin gowy görýän zatlaryny çagalar jübülerinde saklaýarlar, ýöne şeýle-de bolsa gizlenilip geçirilýän gizlin manipulýasiýalar her niçigem bolsa autizmli we depressiýaly çagalarda duş gelýär. Barmaklaryň oýnadylyp herekete getirilmegi (barmaklaryň oýnadylma alamaty) şizofreniýa häsiýetli bolan defisitar alamatda, şeýle-de depriwasiýada ýüze çykýar. Garaguşagyry tutgaýyndan we komadan çykylanda erkeklerde jyns agzalaryny oýnama, aýallarda bolsa geýiminiň epinlerini sypalama manipulýasiýalary ýüze çykýar.

**Olfaktor (ys alyjylyk) kommunikasiýasy.** Iýmiti agzyňa salmazdan öňürti üç ýaşly çagalaryň şony ysgap görmegini regressiw (yza tesiliş) alamat hökmünde hasaplamak bolar, çünki şeýle ýagdaý gorkyny başdan geçirýän we gaýry newrozly çagalarda döreýär. Şeýle çagalar häli-şindi öz aýalaryny we gaýry zatlary ysgap durýarlar. Dowamly geçýän rinitlerde we ys alyş (olfaktor) tapawutlandyryşy bozulan gaýry patologiýalarda erkekleriň jynsy ukybynyň peselýänligi hem mälimdir. Mizofobiýada (hapadan gorkmada) hem hapalanma gorkusynda, adatça, yslara bolan duýgurlygyň ýokarlanmasy bilen arassaçylygyň saklanylmagyna gönükdirilen hereketler artýar, mysal üçin ýuwun-ýuwun bolýar. Käbir çagalaryň ata-enesi tarapyndan edilýän awersiýanyň maddalaryň alyş-çalşygyny bozýan keseliň netijesinde çagadan gelýän ysyň şertlendirýänligi baradaky çaklamalaram bolýar.

**Taktil kommunikasiýasy.** Beýleki bir adama ýakynlaşyp sürtenmek mümkünçiligi ýitirilende, biz öz tenimizi has ýygjam elläp başlaýarys. Bu ýagdaý autizmde we şizofreniýada, şeýle-de depriwasiýanyň netijesinde äşgär ýüze çykýar. Stereotipli autogrumming teniň köp sanly dyrnaçaklanmalary we ekskoriýasiýalar, meselem, kemakyllykda duş gelip biler. Ýüz öwrülip taşlanan çaga ýygjam görnüşde öz tenini ýa-da gurjagy gujaklamaga çalyşýar. Şeýlelikde, beýleki biriniň tenine teniňi ýygjam degirmeklik söýgiňi aňladýan görkeziji bolup hyzmat edýär-de, şol söýülýän adam ýitirilende, ol öz tenini ýygjam elläp durmaga mejbur bolýar. Ontogeneziň geçmeginde tene degilmek göz arkaly garalma bilen çalşyrylyp, adam söýgüli zadyna nazaryny tiz-tizden aýlap başlaýar, galan zatlara bolsa seýrek seredýär.

**Sosial kommunikasiýasy.** Psihopatologiýada biri-biriň bilen habar alşyp durma ulgamy hem özgerýär. Depressiýaly näsaglar başda lukmançylyk işgärlerinden daşlaşyp, olardan üzňeräk durmaga çalyşýan bolsalar, ýöne saglygy gowulaşdygyça olaryň şepagat uýalary bilen aragatnaşygy kadalaşýar. Şu ýagdaý erkeklik güýji gowşan adamlarda-da duşýar. Psihoterapiýa geçirilip, ýagdaýlary gowulaşandan soň, olar aýallar bilen gowy aragatnaşykda bolýarlar. Hassahanalarda ýatan şizofreniýaly näsaglar garaguşagyrylylardan aralaryny açyp, affektiw bozulmaly näsaglara ýakynlaşanlaryny kem görmeýärler. Autizmli (gürlemezek) çaga beýleki çagalardan, ululardan arany açyp daşlaşma, şeýle-de otagyň ortarasynda durman gyra çekilme bilen bolýar. Özüni göz edip görkezjek bolýan kakynly şahs bolsa tersine, ümzügini beýlekilere atma, özüni orta urmaga jan edýär. Özüňi aç-açan görkezmä bolan düşünje sosial taýdan ýöredilmeýän zatlara beýleki adamlaryň öňünde ýüz urmagynyň sebäbini aňladýar, meselem, arakhorlaryň hem kakynlylaryň köpleriň gözüniň alnynda özlerini heläklejek boluşlaryny aç-açan görkezmäge çalyşyşlary ýaly.

**Näsagyň özüni alyp barşynyň çylşyrymly görnüşleri.** Çylşyrymly görnüşlere uky, özüňi iýmite degişlilikde alyp barmak, özüňi agonistiki görnüşde alyp barmak, territorial hem migrasion özüňi alyp barlyş, jynsy taýdan özüňi alyp baryş,

komfort (ýaşaýyş şertleriniň gowulygy) hem ata-ene, barlag geçirilme, bir zady edinme we çalyşma şertlerinde özüňi alyp barma ýaly zatlar degişli.

**Uky.** Ukuda özüňi alyp barsyňa ukynyň ritminiň hem dowamlygynyň ýazylyp beýan edilmegi, ukuda bolmak hem ukuda çykarylýan sesler girizilýär. Ukynyň ritmikasy hem dowamlylygy ontogenezde aýyl-saýyl edilip tapawutlandyrylýar. Kiçijik çagalarda ukynyň dowamlylygy maksimal (aňrybaş derejede) bolýar. Ukuda ýatylyşyň görnüşi hem psihopatologiki ýagdaýdan habar berýär. Demensiýaly hem defekt ýagdaýly şizofrenikler hem köplenç halatda bükülip, ýygrylyp, ýüzlerini diwara tarap öwrüp ýatýarlar. Merkezi nerw ulgamy rezidual organikaly çagalar, köplenç halatda, kellelerini yza tarap gaňryp deserebrasion görnüşde ýatýarlar. Garaguşagyrylylarda, gijeki tutgaýlar bolanda somnambulizmiň (ukuda gezmekligiň) ýa-da göwräniň bolşunyň «eplenýän çaganyňky» diýilýäni ýaly bolup, çaga bir oturýar, bir turýar, eplenip görýär we şondan soň ýatýar. Depriwasiýaly ýagdaýdaky çagalar köplenç halatda, dişlerini nahar iýlendäki ýaly hereket edýärler, kähalatlarda bolsa prostynyň gyrasyny çeýneýärler: şonda bruksizm (dişleriňi çalmak) diýilýän ýagdaý ýygy duşýar. Ululardа bolýan bruksizm kähalatlarda gorkuly basyrganmalar bilen utgaşýar. Düýşdäki sesler (hor çekme) diňe dem alşyň dinamiki bozulmasyny we burun-bokurdak boşluklarynyň morfologiki aýratynlyklaryny ýüze çykarman, eýsem, ýaşyryn bolan dominantlygy we onuň amala aşyrylmagyna bolan islegdir talabyňam derejesini açýar. Dominantlar submissiwlilere garanyňda has gohly uklaýarlar. Uky apnoýe sindromynda horlamanyň güýçlenmesi bilen batlanmagynda demiň tutulmasy ýüze çykyp, dowamly görnüşde geçýän ýagdaýlar beýniniň gipoksiýasyna (kislorod ýetmezçiligine), kähalatlarda bolsa kemakyllyga getirýär. Günüň dowamynda şeýle näşaglarda güýçli uklamaklyk ýagdaýy döreýär (Pikwikiň keseli).

**Iýmitlenmede özüni alyp barşy.** Ol öz içine iýmitiň ritmini, onuň mukdaryny, saýlanyp- seljerilip alynmasyny, iýilmäniň tizligini alýar. Pasla baglylykda gaty seljermek (adatça gyşyna) we agşamlaryna uglewodlara agdyk höwes bildirmek subdepressiýaly we depressiýaly näsaglara mahsus bolýar. Hut şeýle ýagdaýlarda hem-de bulimiýada (Hajymelik ýaly köp iýegenlik) nahary agdyk iýeninde-de gerk-gäbe, has aşa doýanlygyny duýmaýar. Ünsüni süýji tagamlara dikmeklik howsalanyň derejesiniň peselmegine ýardam edýär. Gaty naharlardan ýüz öwrüp, suwuk naharlary küýsemek anoreksiýadaky regressiw alamat bolup, iýmitlenilişiň irki ontogenetiki tapgyrlaryna gaýdylyp gelnenligini aňladýar. Iýmitlenýän zatlaryň, aýratynam hekiň ýygjam iýilmegi (Pikiň keseli) galkangörnüşli mäziň madda çalşygynyň bozulmasynyň alamatlarynyň biri bolup, ýöne şeýle ýagdaýyň göwreli aýallarda, psihopatologiki bozulmalarda hem duşýanlygy mälimdir. Psihogen başdangeçirmelerden soň işdäniň kesilmegi strese bolan duýgurlygyň ýokarylygyny aňladýar. Iýilmäniň tizligi affektiň derejesi bilen sazlanylýar we hut şonuň üçinem gipomaniýalarda (joşgunlamanyň peselmeginde) depressiýalara garanyňda

has ýokary bolýar. Howsalaly ýagdaýlarda başga adamlaryň öňünde iýmit iýilişiniň tizligi ýekeligindäkä garanyňda ýokary bolýar.

Trofolaksis – iýmitiň agyzdan agza geçirilmegi. Eger ol çaga bilen enäniň arasynda bolanda özüňi adaty görnüşde dogry alyp bardygyň bolýar. Şeýle-de, üç ýaşly hatda bäş ýaşyna ýeten çagalaryňam iýmiti ysgaşdyryp görmegi adatydan dogry saýylýar. Ýöne şeýle alamat ýaňky ýaşlardan soň giç başlanaýsa, onda şol patologiýa saýylýar. Depriwasiýa ýagdaýyndaky çagalarda hem-de demensiýaly näsaglaryň käbirleri iýilmän galan iýmitleri gelejegi üçin ätiýaçlap gizläp goýýarlar. Gojalyk ýaşynda döreýän psihozlarda iýmitleriň ýygnalyp, toplanyp goýulmasyna hoardomaniýa diýilýär.

**Agonistiki özüni alyp barşy.** Bu ýagdaýa dawa-jenjeller bilen baglanyşykly bolan özüňi alyp baryş degişli bolup, ol agressiýa, başga biriniň üstüne atylan agressiýa we autoagressiýa, şeýle-de köplenç halatda, ýaşyryn, müňkürlik edilýän ýa-da aýdyň agressiýa berilýän reaksiýa bilen şertlendirlen ýagdaýdan gaçma ýaly zatlary öz içine alýar. Süýt emýän jandarlaryň ählisinde bolşy ýaly, agressiýa adamda-da üç tapgyr bilen geçýär: a) agressiw-duýduryş fazasy, b) agressiw-dawaly fazasy; ç) agressiw-kontakt (gatnaşyk) fazasy. Adam öz etjek bolýan zatlary baradaky hyýalyny ýaşyryp, başlangyç hyýallaryny gizleseler-de, ýöne şonda-da olaryň görlüp üstüniň açylmagy ähtimaldyr. Agressiw-duýduryş faza aşakda getirilip görkezilen elementleriň bolmanynda ikisi, hat-da ondanam gowragy çiňňerlip seretmek, başyňy aşak sallap durmak, çeýneme hereketlerini etmek, eginleriňi germek ýa-da olary owkalamak, ýumrugyňy düwmek, eliň bilen endamyňa urmak ýa-da haýsydyr başga bir zatlary urmak, elleriňi salgylamak, dyzlaryň arasyny açyp çatalbaňy görkezmek toplumy girizilmelidir.

Agressiw dawalara sesiň äheňini duýdansyz özgerdip, göwnedegiji sözleri ulanmak, göz astyna alnyp üstüne topulaýma bolan aralygyň gysgaldylmagy, hereketlenmeleriň çalasynlaşdyrylmagy degişlidir. Özüňi beýle alyp baryş agressiýanyň güýçlendirilmeginiň netijesinde kontakt (gatnaşyk) agressiýasyna geçirilýär. Kimiňdir biriniň üstüne atylan agressiýa haýsydyr bir üçünji adama ugrukdyrylan (köplenç halatda öz ýakynlaryň birine) ýa-da haýsydyr bir zada gönükdirilen bolýar. Agressiýanyň däp-dessurlaşdyrylan görnüşi sport ýaryşlary bolup biler.

Autoagressiýa – özüňe garşy gönükdirilen agressiýa bolup, has äşgär ýüze çykarlanda öz janyňa kast etmeklige gönükdirilýär. Autoagressiýanyň duýduryjylykly patternleri hökmünde ýüze çykarylýanlaryna: nazaryňy sowmak, agzyň çalarak açylmagy, elleriňi ýaşyryp gizlemek, ýşaratlaryň bolmazlygy, dyzlaryň ortalygyndaky aranyň azaldylmagy, başyňy aşak sallamak, söhbetdeşden araňy açyp ony uzaltmak, hereketleriňi haýallatmak ýalylar degişlidir. Autoagressiýa riualizirlenen görnüşdäki tatuirowkalar ýa-da özüňe şikes salmalar, dyrnaçaklamalar bilenem ýüze çykarylyp bilner. Gaçma bilen reaksiýanyň peselmegi, meselem, sesiň

batlandyrylyp haýbatly gürlenilende, ýakynlaşylanda ýaşyryn bolan howsalaly ýagdaýa düşýär.

*Territoriýa.* Özüňi territoriallyk görnüşde alyp barmak territoriýanyň geometriýalaşdyrylmagynda ýüze çykarylyp, adam şol ýerde mesgen tutup, uly ýeriň daşyna nämelerdir bir zatlary aýlap bekleýär. Munda şahsy territoriýa bolup, şonuň geometriýasy bir adam beýleki bir adam bilen gürleşip, habar alşyp bilme aralygyny tutýan ýerdir. Şol aralyk milletleriň arasynda dürli görnüşli bolýar. Şol aralyk psihopatologiýada özgerýär, meselem, gorkuda hem autizmde ol uly bolup, depressiýada bolsa şol millete degişlilikdäki ortaça aralykdan az bolýar. Toparlaýyn bolan territoriýa ýaşaýyş jaýy girip, onuň goraglanylyşy üýtgäp durýar, meselem, yzarlanylýan samramaly ýagdaýda bolup biler. Özüni geometriki alyp barşy adamyň trekde (çapyşyk ýodajygynda) territoriýasynda hereketlenmesi hökmünde ýüze çykarylyp bilner. Şeýle trekler deprewasiýaly hem akyl we funksional defektli (kemisli) näsagyň durmuşynda bölekleýin häsiýete eýe bolup, autizmde hem fobiýalarda olar territoriýanyň serhedine ornaşyp, katatoniki joşgunlylykda bolsa, bulam-bujar trekler görnüşinde duşýar.

Hiç bir sebäpsiz (oýlanyşyksyz) ýa-da oýlanyşykly ýagdaýda öýden çykyp gitme çagalardaky fobiýalarda, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmalarynda we gylyk-häsiýetiň gyşarmalarynda ýüze çykarylýar. Aslyýetinde-de nirädir bir ýerlere gitme, bolýan ýeriňi çalşyryp özgertme islegidir talaby ululara garanyňda çagalara has häsiýetli bolýar.

**Jynsy taýdan özüni alyp barşy.** Özüňi jynsy meselelere baglylykda alyp barmaklygyň aýratynlyklary diňe bir jynsy ýakynlaşyklaryň üstünlikli geçirilmegini suratlandyrman, eýsem jynslaryň sosial gatnaşyklar ulgamynyň ählisiniň meňzeşligi, şeýle-de içki duýgy aragatnaşyklaryny öz içine alýar. Şol ulgamlar geteroseksuallyk (aýal-erkegiň aragatnaşyklary), patologiki gomoseksuallyk, transseksuallyk bilen baglanyşykly bolýar.

Özüni alyp barşyndaky jynsy tapawutlandyrylma irki çagalyk döwründen başlanyp, özüni saklaýşynyň, durmuşyň, üm-yşaratlaryň, ýüz-gözüni oýnadyşynyň, sözsüz geçirilýän habar alyşmanyň komponentlerinde, mahlasy özüni alyp barşynyň çylşyrymly görnüşleriniň ählisinde, şeýle-de jynsy reaksiýanyň düzüminde ýüze çykarylýar.

Düşünilmezden edilýän ýakynlaryň aragatnaşygy – insest (gan, tohum garyşdyrylma) gadagan edilme diňe ata-ene bilen çagalara, doganlara we uýalara ýaýradylýar, jynsy gatnaşyk gadagan edilýär.

Jynsy kämillige wagtyndan ir ýetişmeklik endokrin patologiýasynda duş gelip, şeýle-de şizofreniýa bilen kesellän näsaglarda-da bolup biler.

**Komfort ýagdaýdaky özüni alyp barşy.** Mundaky özüňi alyp barlyşy özüňe timar bermek, endamyň päkizeligi barada aladalanmak, wannada keşbiňi gözelleşdirmek ýaly zatlar girýär. Komfort hereketlenmeleri – ýuwunma, süpürin-

me, endamyňy owkalama, gruming, gerinmek we pallamak ýaly zatlary öz içine alýar. Iň soňky pattern agressiw-duýduryjylyk saýylýar. Gerinmek bilen pallamak generalizlenen toniko-kloniki tutgaýlarda-da bolýar. Gruming hereketlenmeleri saçlaryňy sypalaşdyrmak, deriniň aýry-aýry ýerlerini ellemek, başga biriniň geýim-gejimleriniň epin-ýygyrtlaryny ýazmak, köplenç halatda çaganyň ýa-da öz maşgala agzalaryň biriniň, autogruming – özüňi elleşdirmeklik bilen häsiýetlenýär. Grumingiň ýygjamlygy howsala dörände we obsessiw-kompulsiw bozulmalarda ýokarlanyp, demensiýalarda azalýar. Akyl ýetmezçiliginde umumy alanyňda harsallykdyr hapysalyk artýar.

**Ata-enäniň özlerini alyp baryşlary.** Özüňi alyp baryş ata-ene bilen çagalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň, arabaglanyşyklaryň düzgünlerini suratlandyrýar, meselem, ýüz-gözüňi oýnatma, üm-yşaratlar, biri-biriňe sürtenme, sözleme arkaly pikir alşyp düşünmeleri açyp görkezýär. Maşgalanyň ýolbaşçysy hem iň hormatlanýan, başyňa täç edäýmeli agzalary maşgalanyň gaýry agzalary bilen iş salyşanlarynda, şolar maşgalanyň agzalarynyň onda tutýan orunlarynyňdyr derejeleriniň iň naýbaşylary saýylýar. Aragatnaşyklaryň düzgünine ejäniň çagasyna seredip, ony elleýşiniň ýygjamlygy bolup, ol hem çaganyň emosionallygyny (duýgurlygyny) kesgitleýär, enäniň çagasyny ideglemegindäki endikleriniň derejesi, maşgalanyň göwnüniň açyklygynyň derejesi girýär. Köplenç halatda läliksiredilip, masgalanyň kyblagähine öwrülen çagalar ulular bilen tene-ten ysnyşma, olara gysmyljyrama ýykgynly bolup, olar şolaryň ellerinden tutma, ýaňaklaryna ýaňagyny degirme islegi artyp, ulularyň gözlerine dikanlap ýygjam garaýarlar, naharlaryny tiz iýýärler, ulularyň ellerini ýa-da geýimlerini ellemäge çalyşýarlar. Ata-enäniň özlerini alyp baryşlarynyň ýoýulmalary psihiki bozulmalaryň ählisinde-de ýüze çykarylýar.

**Özüni gözlegçilikli alyp barmak.** Özüňi alyp baryşda haýsydyr bir gyzyklandyrýan zada ugrugyp çemeleşmäni, siňe synlamany, gözüň bilen görmäni, şoňa ýakynlaşma ýa-da daşlaşma hereketleri etmäni aňladýar. Özüňi şeýle alyp barmagy bilesigelijilik ýa-da neofiliýa (täze zatlary öwrenme) diýlip atlandyrylýar. Köplenç halatda, ol saýlap-seçip alma häsiýetine eýe bolýar, meselem, paranoidli näsagy diňe howp salýan zatlaryň gyzyklandyryşy ýaly.

**Özbolusly alyş-çalyşly özüni alyp barşy.** Haýsydyr bir zady hususy özüňkä öwürmek baradaky özüňi alyp baryş özygtyýarsyz, erksiz edilýän hereket bolup, ol kiçi çagalarda ýüze çykýar, onuň ulularda bolmagy depressiýalara we apatiýalara häsiýetli bolýar. Näsaglaryň zatlary çalyşmaklykdan boýun towlap, gerekmejek zatlary ýygnap toplamagy (Plýuşkiniň alamaty) demensiýalara mahsus bolýar.

**Özüni imitasion (öýkünme görnüşde) alyp barmak.** Sözsüz ýa-da sözli çakylygy gaýtalamak, meselem, ýylgyrma ýylgyrma bilen jogap gaýtarmak, aga agy bilen seslenmeklik. Hut imitasiýa bolan ukyp arkaly pedagogiki täsir edilme amala aşyrylýar. Peselen imitasiýalylyk okuw geçirileninde akyl kemisligine we

huşuň bozulmalaryna adaty ýagdaý mahsus bolýar. Ýagdaýa laýyk getirilmän, güýçlendirilýän imitasiýa gebefreniýa we indusirlenen psihozlara häsiýetli bolýar.

**Oýunlarda özüni alyp barşy.** Özüňi alyp barşyň islendik görnüşi oýun häsiýetli bolup biler. Oýnuň esasynda özüňi haýsydyr bir hili alnyp barylmagynyň düzgün-tertiplerini öwredýän ewolýusion (ösüş) ulgam ýatandyr. Şol sebäpli hem oýnuň düzüminiň ýoýulmalary we oýnalýan zatlaryň saýlanylyp alynmagy şol ýagdaýa gabat gelýän özüňi alyp barşyň kemala gelmeginiň we kommunikasiýanyň bozulmagyny tassyklaýar. Meselem, affektiw durnuksyz şahslarda orta ýaşa ýetmänkä olarda oýunlarda gözegçilik edilip bolunmaýan affektiň barlygy ýüze çykýar. Autizmli çagalaryň oýun üçin niýetlenilmedik zatlary, meselem, çagyl daşjagazlary, sapakdan boşan tigir tegelejikleri, taýajyklary we ş.m. saýlap alýandyklary mälimdir.

**Özüni alyp barşynyň mehanizmi.** Adamyň özüni alyp barşynda bir wagtda ýüz-gözüň oýnadylyşy, göwräni saklap durşy, üm-yşaratlar we kommunikasiýanyň ähli kanallary birden ýüze çykarylýar. Şolardan bölünilip görkezilýänleri:

1. Özüni alyp barşynyň gönümel ýüze çykarylmagy maksadyna ýetmek üçin päsgelçilikleriň ýoklugynda tapylýar.

2. Özüni alyp barşynyň tijendirilmegi özüni alyp barşynyň päsgelçilikler döräp, agressiwligiň ýokarlanmagy görkezilende oňa laýyk gelýär-de, özüni alyp barşynyň işjeňligi artdyrylýar.

3. Özüni alyp barşynyň işjeňliginiň gowşadylmagy. Päsgelçilikler ýadadyp adamyny mejaldan düşürensoň, hereketlenmeleri peselip, işjeňligiň «paraliçine» getirýär. Bu patologiki ýagdaý stupora gabat gelýär.

4. Özüni alyp barşynyň başga bir zadyň üstüne atylyp, başga bir zatlara gönükdirilmegi. Nämäniňdir bir zadyň päsgelçilik bermeginde özüni alyp barşyny belli bir matlaba ugrukdyrylyp bilmäninde ol nämedir başga bir zada gönükdirilýär. Özüni alyp barşynyň islendik görnüşlisi başga bir zada tarap gönükdirilip bilner, meselem, jynsy gatnaşyga, iýmite ýa-da agressiwlige. Patologiýada bu mehanizm patologiki affektde, parafiliýalarda has äşgär ýüze çykýar.

5. Özüni alyp barşynyň ýerinden süýşürilmegi. Niýetlenilen maksada ýetip bolmajak halatlarda başga bir görnüşli özüni alyp barylma geçirilýär. Meselem, är-aýallyk işiniň amala aşyrylma mümkinçilikleri bolmadyk ýagdaýynda agressiýa döreýär. Patologiýalarda paranoidiň klinikasynda, obsessiw-kompulsiw bozulmalarda, newrozlarda duş gelýär.

6. Sosial «ýeňilleşenligiň» duýulmagynda özüňi alyp baryş – töwerekdäkilerde şeýle görnüşli özüňi alyp baryş görlende işjeňligiň güýçlendirilip şoňa öýkünilmegi. Patologiýada şahsyň garaşlylykly bozulmalarynda, neşekeşlikde we gebefreniýada duş gelýär.

7. Däp-dessurlaşdyrmak. Niýetlenilen maksada ýetilmegi üçin özüňi adaty alyp barşyň hususy ýa-da sosial däp-dessurlar ýa-da mahabatlandyryjylaryň kömegi arkaly özüňi alyp barşyň owadanlaşdyrylyp görkezilmesi. Özüňi şeýle alyp barşa

kadada zenanyň hyzmatyny edip, göwnüni awlamada özüňi seksual alyp barmak tapgyry girizilýär. Patologiýada däp-dessurlaşdyrma dissosiatiw bozulmalarda we obsessiw-kompulsiw bozulmalarda äşgär bolýar.

8. Ambiwalentlilik (biri-birine garşy bolan duýgularyň birbada ýüze çykmagy). Niýetlenilen matlabyňa we şoňa garşy bolan islegiňe ýetmek üçin biri-birine garşy bolan delilleriň hem usullaryň birbada bolmagy. Bu ýagdaý katatoniýada we obsessiw-kompulsiw bozulmalarda has ýygjam güýçlenýär.

9. Özüni altruistiki alyp barmak. Oňa töwerekdäkileriň ýetip bilmegine mümkinçiligiň döredilmegi üçin öz maksadyňdan ýüz öwürmek. Onuň döremegini aňladýan pikirleriň biri anoreksiýanyň käbir görnüşlerinde we suisidal (janyňa kast etmeklik hyýallaryň) işjeňleşmeginde özüňi şeýle alyp barlyşa baglanylyp goýulmagydyr.

Kadada özüni alyp barşynyň ähli mehanizmleri bolýar-da, ýöne patologiýada şolaryň haýsam bolsa birinde mäkäm durmaklyk döreýär.

**Sözleýiş we audial kommunikasiýasy.** Psihiatriýada keseliň kesgidiniň goýluşy ony anyklamaga, resmileşdirmäge we psihiki hem özüňi alyp barşyň bozulmalarynyň toparlara bölünmegine gönükdirilendir. Şonda üznüksiz bitewilikde özüňi alyp barşyň ýönekeý hem çylşyrymly toplumlary, şeýle-de gürleýşiň ähli önümleri, onuň sözleýişli hem sözleýişsiz jähtleriniň ähli aýratynlyklary öwrenilýär. Şeýlelikde, özüňi gürleýän görnüşde alnyp barylmagy barlaglarynyň geçirilmesiniň möhüm bir bölegi bolup, onuň çuňňur öwrenilmegi näsagyň şahsynyň aýratynlyklaryna düşünmäge, başdan geçirilýän psihopatologiki zatlaryň içki suratlanylyşyna golaý aralaşmaga mümkinçilikleri döredip, keseliň kesgidiniň dogry goýulmagyna ýardam edýär.

**Keseliň kesgidiniň goýulmasynda sözleýşiň umumy esaslary.** Gözleýiş baradaky bitewi düşünje psihosemantiki, paralingwistiki, psiholingwistiki, pragmatiki we sintaktiki nukdaýnazarlary öz içine alyp, lingwistiki derňewiň geçirilmegi bilen kliniko-psihologiki çemeleşmäniň bitewiligi bilen getirilip görkezilýän kliniko-lingwistiki anyklaýşy berýär. Sözleýşiň bahalandyrylmagy üçin bölünip alnan goşmaça kesgitleýji (diagnostiki) kriteriýalar kesel kesgidini has doly hem takyk görnüşde goýmaklyga ýardam edip, tapawutlandyrylyş keseliň kesgidiniň geçirilip goýulmagyny ýeňilleşdirip, duşuşyga görüşilmä mümkinçilik bolmagynda, meselem, telefon üsti bilen gürleşilende ýa-da hat arkaly habar alşylanda näsag bilen düşünişmek üçin peýdaly bolýar.

**Sözleýşiň psihosemantikasy.** *Semantiki (many) nukdaýnazary.* Sözleýşiň manysynyň derňewiniň geçirilmegi näsagyň öz geçmişi baradaky gürrüňini (anamnezini), şikaýatlaryny we başdan geçirmelerini, maşgalasy baradaky maglumatlary we başga adamlar bilen saklaýan aragatnaşyklaryny öwrenmekligi göz öňünde tutýar. Getirilip görkezilen maglumatlar psihiatrlara gowy tanyş bolan adaty soraglaryň ýörite toplumy sorag-jogap geçirilýän ýörite sorag-jogap kitap-

çasy, glossarileriň (düşnüksiz sözleri düşündirýän kitapçalar) ulanylmagy arkaly alynýar.

Keseliň başdan geçirmeleri baradaky adamyň içki semantikasyna – näsagyň hususy düşünjeleriniň düzüminde döreýän şahsy many-mazmunlaryna aýratyn üns berilmelidir. Şeýle-de, onuň dünýä bilen edýän aragatnaşyklaryny hem üns merkezinden düşürmeli däl. Adamyň içki semantikasyny leksiko-semantiki kategoriýalar arkaly bahalandyryp bolar: näsagyň şoňa bolan emosional we progmatiki gatnaşygyny, sözleýşinde belli-belli leksiko-semantiki toparlaryň (sözleýşiň bölekleri – atlaryň, sypatlaryň, işlikleriň) agdyklyk etmegini, hakykatyň beýan edilmegi, ýörite sözleriň saýlanylyp häsiýetlendirilmegi üçin ulanylmagydyr.

Sözleýşiň psihosemantiki derňewi aleksitimiýanyň – näsaglaryň öz duýgularyny we ejir çekdirýän başdangeçirmelerini söz üsti bilen bildirmegini kynlaşdyrmak bilen häsiýetlenýän aýratyn kommunikatiw usulynyň fenomeniniň üstüni açmaga ýardam edýär. Aleksitimiýa newrotiki, samotoform, şahsy (şizoid, şizotipiki, araçäkli, garaşly) bozulmalarda duş gelýär.

Gürleýşiň oýlanyş prosesini açyp görkezýänligi hasaba alnyp, näsaglarda onuň öwrenilmegi adaty-hakyky, şeýle-de oýlanylşyň mazmunynyň bozulmalarynyň, afaziýanyň dürli görnüşleriniň üstüni açmaga mümkinçilik döredýär.

**Gürleýşiň paralingwistikasy.** Paralinglwistika – gürleýiş kommunikasiýasynyň maglumatlary ýetirip, belli bir derejedäki semantiki agramy-ekstralingwistiki informasiýany öz üstüne alýan sözsüz sebäpleri, ýagdaýlary (faktorlary) öwrenýär.

Psihiatryň näsag bilen söhbetdeşliginiň ilkinji minutlarynda barlanýanyň gürrüňiniň sosial-biologiki häsiýetlerini bahalandyrmaga mümkinçiligi bolýar: ýaşy, jynsy, sosial statusy (olaryň daşky sypatynyň özüni alyp barşyna laýyk gelmegi), dialekt, aksent: giňişlikdäki häsiýetlendirilişi (gürleýäniň diňleýäne baglylykdaky durýan orny, onuň ýerinden süýşmeleri); lukmançylyk tarapdan umumy saglygynyň fiziki hem psihiki ýagdaýy, gürleýiş ulgamynyň hem ses apparatynyň ýagdaýy. Soňra aýry-aýry paralingwistiki häsiýetlenmeler bitewüliginde, aýratynlykda jikme-jik öwrenilýär, çünki diňe gürleýşiň aýratynlyklarynyň doly görnüşde we olaryň dinamikasynda giňişleýin suratlandyrylyp, keseliň kesgidi baradaky pikirleriň gelmegine, düzülmegine ýardam edýär.

Aşakda öwrenilýän paralingwistiki parametrleriň suratlandyrylyşy, olaryň psihopatologiki bozulmalaryndaky özgerişleriň häsiýetlendirilişi we olaryň keseliň kesgidiniň goýulmagyndaky ähmiýeti getirilip görkezilýär.

**Gürleýşiň bady (tempi).** Psihiki prosesleriň geçirilişi häsiýetlendirilip, wagt birligindäki (1 minut) aýdylan sözleriň sany kesgitlenilýär. Psihiki taýdan sag adamlarda barlaglar geçirilip, öwrenilmegiň esasynda gürleýşiň adaty dogry bady her minutda 60-100 sözüň aýdylmagyna barabardyr.

Gürleýşiň badynyň az-owlak tizleşdirilmegi: minutda 100-120 sözüň aýdylmagy dürli görnüşdäki joşguna gelinmelerde, affektiw doýgunlandyrylan başdan

geçirmelerde, gipomaniýada, arakhorlygyň başlanýan irki tapgyrlarynda we toksiki görnüşdäki serhoş bolunmalarda, howsalaly bozulmalarda duş gelýär.

Sözleýşiň has güýçli çaltlandyrylmagy minutda 120 sözdenem köp sözleriň aýdylmasy ýokarda getirilip görkezilen: maniakal ýagdaýlarda, ažitasiýada (joşguna gelip hereketleri batlandyrmak, çuslanmak), paniki (aljyraňňy, tutda-baslykly) bozulmada ýüze çykarylýar.

Az-owlak haýallandyrmak: minutda 40-60 sözüň aýdylmagy asteniki, erkygtyýaryň bozulmalary, subdepressiýa, psihiki başdangeçirmeleriň dissimulýasiýasy (ýaşyrylmasy), beýniniň organiki zeperlenmeleri, kemakyllyk ýaly ýagdaýlarda ýüze çykarylýar.

Has agdyk haýalladylmak: minutda 40 sözden azyň aýdylmagy – depressiw bozulmalarda, psihopatologiki başdangeçirmeler agdyk basmarlanynda, substuporda, kemakyllygyň agyr görnüşlerinde, akyl-huşuň hil tarapdan bolan bozulmalarynda, akyl-huşuň san boýunça bozulmalarynyň başky tapgyrlarynda apatoabuliki bozulmalarda ýüze çykýar.

Mutizm – dürli bozulmalarda gürleýşiň düýbünden bolmazlygy.

Şeýle-de gürleýşiň çaltlygynyň bady hem hasaba alynýar (ýuwaş-ýuwaşdan ýa-da birden), çünki şol başdangeçirmeleriň doýgunlygynyň derejesini onuň näsag üçin bolan ähmiýetini emosional gözegçiliginiň derejesini, şahsyň kesellemezinden ozalky aýratynlyklaryny açyp görkezýär.

*Esasy äheň – sözleýşiň sesiniň güýçlüligi.* Sesiň güýçlüligi – aýdylýan sözleriň fiziki güýjüniň kabul edilip, tapawudynyň seljerilip bilinmegi bolup, onuň subýektiw hem gural arkaly kesgitlenilişi. Sesiň adaty kadaly güýçlüligi diýlip, 50-80 dB (hemişelik ýaňlanýan sesde 10 dB çenli) ýalylary hasaplanylýar.

Aramlyk ýokarlandyrlanlary – 80-90 dB bolup, joşgunlyga gelnende, gipomaniýada, joşgunly başdangeçirmelerde, ýeňiljek serhoşlykda, tutgaýly bozulmalarda duş gelýär.

Has ýokary galdyrylma 90-110 dB bolup, ol hem joşguna gelinmäniň dürli görnüşleriniň äşgär ýüze çykarylanda, maniakal ýagdaýda we tolgunmalarda duş gelýär.

Sesli gygyrmak 110 dB bolup, ýokardaky bölümde getirilip görkezilenler ýaly bolýar.

Aramlyk peselmegi 40-50 dB bolup, asteniki, apatikoabuliki ýagdaýlarda, subdepressiýada, absessiw bozulmalarda duş gelýär.

Has aşak düşmegi 20-40 dB bolup, depressiw bozulmalarda, hassa halyndaky başdangeçirmelere çuňňur aralaşyp, şonuň labyrynyň astynda bolnanda, agyr görnüşli asteniýada, substuporda duş gelýär.

Pyşyrdama 20 dB-dan pes bolup, ol çuňňur depressiýada, özüni kakynly görnüşde alyp barylmada, şizofreniýadaky manerlilikde (bolmajy, meselem, aýny hereketlenmeler görkezilende), paranoidli başdangeçirmelerde duş gelýär.

Şeýle-de esasy äheňiň özgerişiniň (ýuwaş-ýuwaşdanmy ýa-da birden batlymy) häsiýeti hem hasaba alynýar, çünki şol emosional gözegçilik edilişiniň derejesiniň takyklanmagyna (konwersiw bozulmamy, howsalaly ýagdaýmy, newrozlarmy) başdangeçirmeleriň ýagdaýyny, ýagny güýçli-güýçsüzligini, şahs aýratynlyklaryny psihiki prosesleriň hereketliligini, astenizasiýany we ünsüň özgermelerini hem erk-ygtyýar çäklerindäki üýtgemelerini söhbetdeşlik pursatynda açyp, aýan görkezýär. Näsagyň paralingwistiki görkezijileriniň dinamikasy (bady, esasy äheňi we ş.m.) barada edýän gürrüňlerinde açyp görkezýän semantiki fragmentleriň ýüze çykarylmagynyň hasaba alynmagy hasam möhümdir.

*Gürleýşiň tembri.* Gürleýşiň tembri – belli bir wagtda aýdylýan sözleriň ses düzüminiň adamyň özüniň, şeýle-de gurallar (kompýuter fonografiýasy) arkaly kesgitlenilmeginde ýüze çykarylýan spektral dinamikadyr. Gürleýşiň tembri ses apparatynyň şahsy anatomo-fiziologiki aýratynlyklary, şeýle-de näsagyň emosional ýagdaýy arkaly kesgitlenilýär. Pes ýygjamlykly tembr köplenç halatlarda depressiw we asteniki bozulmalarda, ýokary ýygjamlylyklary bolsa, joşgunlyga gelinmäniň dürli görnüşlerinde, howsalaly ýagdaýlarda duş gelýär. Tembriň özgerişiniň häsiýetini diapazon we çaltlygy boýunça, haýsylar sesiň äheňiniň hem sözleýşiň çaltlygynyň bahalandyrylyşy ýaly bahalandyrylýanlary hasaba almak hem möhümdir.

*Gürleýşiň owazlylygy.* Ses hatarynyň spektral dinamikasynyň emaýlydan tekizligi we owazlydan sazlaşyklylygy, amplitud-ýygjamlylyk häsiýetlendirilişinde ylalaşyklygyň barlygydyr. Has äşgär ýüze çykyp bildirýän sazlaşykly owazlylyk depressiw ýagdaýlarda duş gelýär. Psihiki bozulmalaryň klinikasynda katatoniki, gebefreniki sindromlarda, beýniniň organiki zeperlenmelerinde, howsalaly bozulmalara häsiýetli bolanlarynda hasam äşgär ýüze çykýan owazlylygyň ýitirilme ýagdaýy uly ähmiýete eýedir.

Gürleýşiň arasynyň kesilip durmasy – sözleýşiň akymynda artikulýasion arakesmeleriň barlygy, onuňam sintaksiki taýdan esaslandyrylmazlygydyr. Munuň has ýygjam duşýan ýerleri joşgunlyga gelinmek, howsala düşmek we logonewrozlardyr.

Säginme (pauzalar) – gürleýiş arkaly habar berlende arakesmeleriň döremegi (sintaksiki esaslandyrlananlarynyňam, şeýle-de semantiki doldurylmadyklarynyňam). Ara düşen şol dyngylaryň dowamlylygy: gysgalary 3 sekunda çenli, aramlyklary 3-7 sekunda, uzaklary – 7 sekuntdan geçýänleri bahalandyrylýar. Säginme üstüniň açylan böleginiň semantikasy baradaky gürrüňleriň hasaba alynmagam möhümdir, çünki ol başdangeçirmeleriň adam üçin ähmiýeti bardyr. Ol adamyň emosional doýgunlygyny nygtap biler. Säginmeleriň barlygy depressiýanyň, şperrungyň, kynçylykly başdangeçirmeleriň dissimulýasiýasynyň (ýaşyrylmasynyň) barlygyny aňladýan goşmaça görkeziji hökmünde hyzmat edip biler. Gürrüň berşiniň tekstine (mazmunyna) görä, säginmeleriň semantikasynyň üstüniň açylmagy zerurdyr, çünki kähalatlarda, hatda dymyp sesiňi çykarman oturmagam başdangeçirmeleriň haýsy hem bolsa bir tarapy baradaky maglumatlary açykdan aýdyň ýetirip biler.

*Säginmeleriň aralarynyň doldurylmagynyň häsiýeti.* Howany demiňe sormanyň, çykarmanyň barlygy, şolaryň dowamlylygy – gysgalary 3 sekunda çenli, uzaklary – 3 sekuntdan gowrak wagta çekmegi; bogazdyr bokurdagyň gysylmasy bilen baglanyşykly bolan häsiýet (ses perdeleriniň ýapyk mahalyndaky dem alyş aktynyň aýratyn akustiki fenomenligi) göçgünlilik ýagdaýynyň (affektiw sferasynyň) häsiýetlendirilişiniň goşmaça zatlarydyr.

Çalarak üsgürmegiň, sözleriň bogun aralary bölünilmän düşnüksiz gürlemegiň we söz emele getirmeýän sesleriň çykarylmagynyň, nazalizasiýalaryň (burnuňa salyp gürlemeleriň), ümlükleriň barlygy beýniniň mikroorganiki zeperlenmesiniň stigmalary bolup, näsagyň şahsyny, onuň emosional ýagdaýyny häsiýetlendirýär.

Ses çykarylma derejesi görkezilip, çykarylýan gülkiniň (sessiz gülki, ha-haýlap batly gülmek we ş.m.) aýdylýan zatlaryň many-mazmunyna we geçip duran ýagdaýa sazlaşdyrylyp, şolara laýyklandyrylmaly.

Ses çykarylma derejesi görkezilip, çykarylýan agy (sessiz aglama, şumjarma, ajy aglap möňňürme, ýarym-ýaş bolup aglama) we olaryň aýdylýan zatlardyr geçip duran hadysalara, başdan geçirmelere sazlaşdyrylyp, laýyklanylyp getirilmek zerurdyr.

**Gürleýşiň owazlanyş häsiýeti.**

– Dowamlylygy (depressiýalar, organiki bozulmalar, newrozlar);

– Sustubasyklygy (howsalaly bozulmalar, dissimulýasiýalar, samramaly bozulmalar);

– Düşünip bolmaýan hem garym-gatym bozulmalar (joşgunlylyk, organiki bozulmalar, intoksikasiýalar);

– Çekimlileriň güýçlendirilmegi (depressiýa, samramaly bozulmalarda); çekimsiz sesleriňki (organiki patologiýada we logonewrozlarda);

**Diksiýa** (aýdyň gepleýiş) – artikulýasiýanyň we sintagmirlemäniň (gürleýşiň sintaktiki dogrulygy) takykdan dogrulygy.

Munda şeýle bozulmalaryň aýratyn görkezilmegi zerurdyr:

– disfonemiýa – aýry-aýry sesleriň (fonemleriň) aýdylyşynyň bozulmalary;

– disfraziýa aýry-aýry sözleriň hem-de şolaryň bölekleriniň dogry aýdylyşynyň bozulmalary;

– disprozodiýa – gürleýşiň aksentleriniň (basymlarynyň) çäklerindäki bozulma bolup, basymlaryň nädogrulygy, sintaktiki gabat getirilmezlik bilen häsiýetlenýär. Ol afaziýalarda, organiki zeperlenmelerde, kemakyllykda, şizofreniýanyň klinikasynda, intoksikasiýalarda (zäherlenmelerde) duş gelýär.

Intonasiýa (labyz, äheň) – spektral we amplitud – wagtlaýynlygyň dinamikasynyň aýratynlyklarynyň özara baglanyşygyny özünde saklap, aýdylýan zatlaryň semantikasy bilen içgin baglanyşyklylygyny birleşdirýän sözleýşiň häsiýetlendirilişi. Näsagyň aýdylýan zatlara bolan emosional gatnaşygyny takyklap, zerur bolan aksentleri ýerbe-ýer goýuşdyryp, aýdylýan zatlary belli bir düzüme girizip, kepillendirilmeleriň ýokarybaşlysyny döredip, subýektiw semantikany arassalaýar.

**Ýazuw sözleýşiň derňewi.** Näsaglaryň ýazuw sözleýişiniň okalyp öwrenilmegi köplenç halatda klinisiste diýseň peýdaly bolýar. Gürleme arkaly geçirilýän söhbetdeşlikden tapawutlylykda ýazuw sözleýşi semantiko-sintaksiki dolulyk hem gutarnyklylyk bilen tapawutlanyp, ol hem başdangeçirmeleriň aýry-aýry taraplary barada has takyk we doly bolan düşünjeleriň hem-de maglumatlaryň alynmagyna ýardam edýär. Näsagyň ýazuw işiniň derňewiniň geçirilmegi ýokarda görkezilen aspektleriň paralingwistiki görnüşinden başga ählisiniň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar. Grafologiki derňewiň geçirilmegi möhümdir: hat ýazylyşynyň aýratynlyklary, harplaryň uly-kiçiligi, olaryň ýazylyş görnüşi, goşmaça owadanlaşdyrylmagyň geçirilmegi, düşündirişleriň, shemalaryň, aýratyn bölünilip görkezilmeleriň, sintaktiki serişdeleriň ulanylmagynyň, galam bilen kagyza basylyş derejesiniň, ýazylyşyň sowatlylygynyň hem päkizeliginiň, harp hem sözleriň sypdyrylyp goýberilmesiniň, düzedişleriň edilmeginiň, habar berlişiň täsiriniň ýagdaýlarynyň anyklanylmagy üçin diýseň peýdalydyr.

Şizofreniýada hat üsti bilen gürleşilmede temadan sypma, stereotipiýalar, neologizmler we däp-dessur konstruksiýalaryň getirilmegi häsiýetli bolýar. Beýniniň organiki zeperlenmelerinde ýazylýan zatda tertipliligiň bozulyp bulam-bujarlyga ýol berilmegi, harp çyzyklarynyň has agdyk egreldilmegi, setirleriň göni bolman aşakly-ýokarly, gyşyk-çaýşyk bolmagy ýüze çykýar. Shemalaşdyrylma ýykgyn edilme bilen nepislik we aýlawlylyk edilip hetjikleme garaguşagyryly näsaglara häsiýetli bolýar.

**Döredijilikli sözleýşiň derňewi.** Psihiki bozulma wagtynda näsaglar döredijilik işi bilen meşgullanyp, ony özleriniň gaýry usullar arkaly aýan edip bilmeýän duýgularyny hem içki başdangeçirmelerini döredijilik işinden peýdalanyp daşyna çykaryp, aýan edip bilerler. Döredijilikden müýnliligi, günäliligi boýun almak, agressiwligiňi ýa-da haýsydyr bir hyýallaryňydyr küýsew-islegleriňi bildirmek üçinem peýdalanylyp bilner. Şol sebäplem, döredijilik nyşanydyr däp-dessury tapawutlandyryş kesgidiň goýulmagy, şeýle-de degişli bejerginiň geçirilmegi üçinem ulanylyp bilner.

*Şekillendiriliş sungaty.* Iş geçirilişiniň tehnikasy, reňk, görnüşi, galyby we önümiň sýužeti psihopatologiki bozulmalary aýdyň ýüze çykaryp biler. Ýöne şol gaýry näsaglarda ýa-da suratkeşlerde görlen zatlary we usullary öýkünilip alynmaklykda ýüze çykýar, çünki olar üçin beýle zatlar özbolușly adaty endige öwrülen ýagdaý bolýar. Parallel pikirler bilen başdangeçirmeden, pikirleriň basmarlap inmeginden we pikirlenmäniň adaty ýüzleý (formal) bozulmalaryndan ezýet çekýän näsaglar bir suratyň üstüne beýleki bir suraty çekip goýmadanam ýygjam peýdalanýarlar. Şeýle suratlar şizofreniýada duşup biler. Kähalatlarda olar şol suratlaryň ýüzüne düşündiriş hatlarynam ýazýarlar, hamala diýersiň, göz bilen görlende şol şekiliň başdangeçirmeleri doly suratda düşündirip bilmeýän, manysyny açyp görkezip bilmeýän ýaly. Ýönekeý şizofreniýada we şizotipiki bozulmalarda suratyň ýa-da

sýužetiň stereotipiýalaram duş gelýär. Meselem, näsag birnäçe ýylyň dowamynda şol bir suraty çekmesini tükeniksiz dowam edip, haýsydyr bir däp-dessuryň nyşanyny gaýta-gaýta çekip biler. Depressiýaly näsaglar suratkeşlikde, köplenç, melewşe, gök, mawumtyl ýaly sowuk öwüşginli bolan reňkleri ulanýarlar, maniakal we ekspansiw ýagdaýdakylar bolsa – gyzyl, goňur we sary ýaly ýyly öwüşginli reňklerden peýdalanýarlar. Suratlaryň öwüşgünliginiň derejesiniň dürlüligi emosional ýagdaýynyň özboluşlylyk derejesini äşgär edýär.

Gündelikler, poeziýa, proza ýaly zatlaram özlerinde psihopatologiki ýagdaý baradaky köp maglumatlary saklaýar. Şol tekstleriň esasynda rezonerlilik (çintgemeklik), ünsüň has ýokary bahaly pikirlere dikilmegi, stereotipiýalar we paralogiki konstruksiýalar, şeýle-de gallýusirlenilmek aýan edilýär.

**Keseliň psihiatriki taryhy.** Keseliň taryhy – hasaba alyş işleýiş resminamasy bolup, hassahanalar we ambulatoriýalar ýaly lukmançylyk edaralarynda düzülip, kesel babatdaky maglumatlaryň, keseliň kesgidiniň, geçişiniň, tamamlanylyşynyň, bejergi geçirilen döwründe amala aşyrylan bejeriş-öňüni alyş çäreleriň, näsagyň synag astynda saklanylyşynyň belgileriniň ýazylmagy üçin ulanylýar. Keseliň taryhy – diňe bir lukmançylyk resminamasy bolman, eýsem onuň ylmy we hukuk ähmiýeti bardyr.

Keseliň psihiatriki taryhynyň esasyny subýektiw hem obýektiw seljermeler, psihiki derejesi, lukmanyň alyp barýan synag-gözegçilik geçirilme baradaky gündelikleri we orta lukmançylyk işgärleriniň aýdýan hem edýän belliklerinden alynýan maglumatlary bilen doldurylýan ýazgylardyr. Lukmanyň synag gündeliginiň kiçi lukmançylyk işgärinden alynýan maglumatlar bilen doldurýan wagtlaram seýrek däl. Kähalatlarda şonuň üstüne näsagy soramaga gelýänlerden alynýan maglumatlaram goşulýar. Psihiatrik kesel taryhy, aýratynam onuň hassahanada düzülýäni göwrüminiň has ulylygy bilen tapawutlanýar-da, ol barlag geçiriliş usullarynyň aýratynlyklary, psihiki bozulmalaryň ýüze çykyşy hem geçişiniň dowamlylygy bilen baglanyşykly bolýar.

Ambulator şertlerinde, näsagdan sorag geçiriliş, adatça, dowamly bolman, öňde goýlan mesele bolsa, ilkinji nobatda, onuň psihiki derejesiniň aýratynlyklarynyň kesgitlenilmesi bolansoň, şonuň esasynda-da işe degişli bolan kararlar kabul edilýänligi sebäpli, näsag bilen söhbetdeşlikden soň näsaga degişli bolan maglumatlaryň ählisiniň ýazylmagyndan gowusy ýokdur. Hassahananyň şertlerinde bolsa keseliň giňişleýin taryhy açylyp düzülensoň, oňa zerur bolan anamnestiki maglumatlaryň doly hem jikme-jik ýazylmagynda lukmanyň näsagyň aýdýan ähli zatlaryny ýadynda saklamaga mümkinçiligi bolmaýar. Hassahanada barlag geçirilende söhbetdeşlik geçirilme pursatlarynda aýry-aýry ýazgylaryň edilmegi mümkindir, köplenç halatda şol anamneziň özboluşly konspekti ýaly bir zat bolup, şonuň esasynda-da biraz soňra keseliň jikme-jik suratlandyrylyşy düzülensoň, köplenç halatda aýratyn çintgäp doly ýazmak zerur bolmaýar. Emma şol mümkinçilik

dörän ýagdaýlara hem bagly bolup, ilkinji nobatda, näsagyň ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Adatça, bu usuldan seljerilmäniň subýektiw maglumatlary toplanylyp ulanylanda peýdalanylýar.

Näsag barada alnan maglumatlaryň esasynda (subýektiw hem obýektiw seljermeler, psihiki ýagdaýyň ýazylyp beýan edilişi, laborator – enjam barlaglaryň geçirilşi we başg.) keseliň taryhy ýazylýar.

Keseliň psihatrik taryhynyň pasport bölüminde diňe bir näsagyň öý salgysy ýazylyp alynman, eýsem, onuň ýakyn hossarlarynyň salgylary hem bellenilýär, käbir halatlarda bolsa onuň gowy tanyşlarynyňam, hatda işdeş ýoldaşlarynyňam salgylary alynýar.

Kesel taryhynyň psihiatriki bölümi ýazylanda – anamnezi we psihiatriki ýagdaýy psihiki bozulmalara sowatly bahalandyrylyşy berýän psihiatriki adalgalaryndan peýdalanmak bolmaýar. Bu bolsa psihiatrlaryň özleriniň peýdalanýan adalgalaryna aýratyn manysyny siňdirip ýazmaklary bilen baglanyşykly bolup, onuň hem adalgalaryň aňyrsynda bitewiligi ýitirilen düşünjeleriň ýatmagyna getirýär. Suratlandyrylyş usulynda ýazylmagy kesel taryhyny obýektiw resminama öwrüp, onuň gymmaty wagtyň geçmegi bilenem ýitirilmeýär. Suratlandyrylyp beýan ediliş usuly keseliň şahsy suratynyň döredilmegine getirýär. Keseliň taryhy ýazylanda ýönekeý düşündirilişleriň ulanylmagy maksadalaýyk bolup, gaýry dillerden alnan sözleriň, metaforalaryň, jaýdar deňeşdirmeleriň alynmagyndan gaça durulsa ýagşydyr. Haçan-da näsagyň özi ýagdaýyny takyk häsiýetlendirýän sözleri ulananda bolsa, olaryň hem ýazga goşulmagy gerekdir. Ýöne olardan juda agdyk peýdalanybermelem däldir.

Eger-de anamnez belli bir kesgitlenen shema boýunça, haýsynyň esasynda keseliň ösüşiniň alamatlary ýatanda, şolam durmuşynyň yzygiderlilikdäki geçişine laýyklanyp alnan bolsa, onda psihiki ýagdaýyň ýazylyp beýan edilmegi üçin hemişe şahsy maksatnama saýlanylyp alynýar. Ol näsagyň psihiki ýagdaýynyň aýratynlyklary arkaly kesgitlenilýär. Psihiki ýagdaýda kliniki faktlaryň ýazylyp beýan edilmeginde diňe bir belli bolan yzygiderlilik saklanylyp bilner. Psihiki ýagdaýyň (statusyň) kliniki faktlary beýan edilende belli bolan yzygiderlilik saklanmaly. Eger-de şol näsagyň daş keşbinde şöhlelenýän bolsa, onda onuň ilkinjileriň biri hökmünde bellige alynmagy maksadalaýykdyr. Şondan soňra subýektiw bozulmalaryň ýazylyp beýan edilmegine geçilýär. Psihiatrlaryň käbiri psihopatologiki alamatlaryň toparlaýyn ýazylyp beýan edilmegine ýykgyn edýärler: meselem, başda affektiň aýratynlyklary ýazylyp beýan edilýär, soň samrama, hereketlenme bozulmalary we ş.m. Beýleki bir psihiatrlar bolsa bozulmalary näsaglaryň özleriniň aýdyşy ýaly yzygiderlilikde ýazyp başlaýarlar. Şol usullaryň ikisem biri-biri bilen utgaşdyrylyp bilner. Olaryň birinjisinde psihiki ýagdaýyň uşak taraplarynyň üstüniň has takyk açylmagyna bolan mümkinçilikler döreýär-de, şonuň ýazylyp suratlandyrylyşy has shematiki hem subýektiw bolýar; çünki onda psihiatryň hut özi bozulmalary aýry-aýry toparlara gi-

rizýär. Ikinjisinde bolsa ýalňyşylyp, aýry-aýry bozulmalaryň goýberilmegine bolan howp artyp, ýöne şol bir wagtda-da ýagdaýyň ýazylyp beýan edilişi hakykata has ýakyn bolup, şonda keseliň bitewilikdäki suratlandyrylyşy has takyk hem düşnükli äşgär edilip ýüze çykarylýar. Psihiki ýagdaýyň ýazylyşynyň ikinji usuly tejribeli psihiatr üçin aňsat hem amatly bolýar.

Ýok bolan bozulmalary ýatlamak bilen ýagdaýa agdyk agram salmaly däldir. Käbir halatlarda şol bozulmalaryň ýoklugyna näsagyň özüniň geçmişdäki hem häzirki wagtdaky ýagdaýlary baradaky berýän maglumatlary güwänamalyk edýär. Meselem, şol näsagyň aňynyň aýdyň, ýatkeşliginiň, ünsüniň we ş.m. bozulman saklananlygy tassyklanylýar. Beýleki bir ýagdaýlarda bolsa psihopatologiki alamatlaryň ýoklugy, olaryň barlygynyň üstüniň açylmagyna gönükdirilip berilýän soraglara esaslanylýar, ýagny paranoidiň, gallýusinasiýalaryň, tutgaýlaryň we ş.m. barlygyna, haçan-da lukman «näsagyň paranoid ýoklugyny aýtmaýanlygy, gallýusinasiýalaryň ýoklugyny» aýdanda şony säginmän ýazyp bellige alanda, ol özüniň islemezliginde öz barlaglaryna uly ynam döredip, şonuň bilen öz hususy ünsünem küteldip, aýratyn hem beýleki lukmany hem näsaglaryň başda ýaşyryp gizläbiläýjek bozulmalaryna bolan şübhelenmelerini peseldip, ünslerini küteldip biler. Gowusy, haýsydyr bir bozulmanyň ýoklugy barada aýlawlyrak sözlemleriň ulanylmagy bilen nähilem bolsa az-kem ynanmazçylygyň, şübhelenmäniň barlygyny «yzarlanylýan ýalylyk pikirleriň ýoklugy-barlygy gumana» diýlip ýazylsa gowy bolar.

Keseliň taryhy ýazylanda köplenç halatda, psihiatrlar takyk manysy bolmadyk sözleri ulanagan bolýarlar. Şeýle sözleriň ulanylmagy hemişe diýen ýaly ýazylan zadyň hilini ýaramazlaşdyryp, käbir halatda hat-da zyýanam ýetirýär. Ynha, şol sözleriň bolmadyk ýerinde keseliň taryhynyň utýanlygyna getirýänleri: «Adekwat, adekwat däl» affektiwligiň häsiýetlendirilmegi üçin ulanylýar, näsagyň berýän jogaplaryna ýa-da özüni alyp barşyna degişlilikde: «affektiw adekwatly, jogaplar adekwatly (adekwat däl), özüňi alyp barşy daşarky ýagdaýlara adekwatly däl» we ş.m.

«Distansiýa» adaty näsagyň lukman bilen gürleşen pursatyndaky özüni alyp barşynyň häsiýetlendirilmegi üçin ulanylýar, «özüni, aralygy duýmazdan, kimiňkimligini bilmezden salykatsyz alyp barýar».

«Kontaktirlenýär, kontaktly, kontakt» näsagyň lukman, beýleki näsaglar, seýregräk hassahananyň işgärleri bilen özüniň gürleşibiliş endiginiň häsiýetini görkezme niýetli ulanylýar, köplenç halatda, «formal» we «düýp manysy boýunça» diýen sözler bilenem utgaşýar.

«Formal» näsagyň jogaplarynyň hiliniň, onuň tankydy garaýşynyň, habarlaşmasynyň aýratynlyklarynyň kesgitlenilmegi üçin niýetlendirilendir: «jogaplary formal, öz ýagdaýyna garaýşy formal, habarlaşmakda özüni formal alyp barýar».

«Özboluşlylyk» dürli fenomenleriň gowy hilli häsiýetlendirilmesi üçin ulanylýar: näsagyň psihiki ýagdaýy özboluşlylyk bilen dos-doly; özüňi alyp barşyň, aýdýan sözleriň, özüňi saklamanyň hem görkezmäniň – özboluşlylygy».

«Dereksiz» köplenç halatda paranoidiň we özüňi alyp barşyň gowy hilli bahalandyrylmagy üçin ulanylýar: «özüňi alyp barşy dereksiz, heňe gelmejek dereksiz sözleri aýdýar».

«Asyl bolşuna, düýp manysy, düýp manysyna däl» – bu sözler köplenç halatda, näsagyň aýdýan zatlarynyň häsiýetlendirilmegi üçin ulanylýar: «gürleýiş, jogaplar bolmalysy ýaly manyly däl, kontakt manyly».

«Girişdi», adatça, näsagyň hassahananyň çäklerinde edýän işleriniň kesgitlenilmegi üçin ulanylýar: «iş prosesine girişdi, iş prosesine girişdirmek başardanok».

«Yglan edýär» – bu sözler köplenç halatda, näsagyň ýerliksiz, hatda oňa lukmançylyk kömeginiň ýetirilme işinde zyýan ýetiriji talaplaryň edilmegi ýaly ýaňlanýar: «Ol hassahanadan çykmaga wagt boldy, bejerginiň geçirilmeginiň goýulmagyna-da çen boldy, oňa işe girişip, zähmet çekmäniň geregem, derkarlygam ýok diýip yglan edýär».

«Hamala» diýen söz lukmanyň näsagyň ýa-da onuň ýakyn hossarlarynyň aýdýan zatlaryna ýaşyryn ýa-da aç-açan ynanmazçylygy görkezýänligine güwänamalyk edýär. Köplenç halatda, paranoid, gallýusinasiýalar, tutgaýlar, amneziýa ýaly bozulmalara degişli bolýar: «Hamala diýersiň samramaly pikirleri aýdanmyş, hamala diýersiň tutgaýlar bolanmyş. Hamala diýersiň bolup geçen zatlar hakydasynda galmanmyşyn».

«Demonstratiw», «demonstrirleýji» – bu söz köp halatda ruhy ýazgarylmany aňladyp: «iýip-içmeden göz-görtele ýüz öwrüp, zähmet çekmekdenem, özüni barlatmakdanam boýun towlaýar», «özüniň hemme zada biparhlygyny öňe sürüp, görkezmäge çalyşýar ýa-da hilegärlik edip, betnebislik bilen bähbit arap peýda görjek, halymsyran bolup özünde hamala diýersiň ozalky bolup geçen gallýusinasiýalar barada dil ýaryp zeýrenýär».

«Pretensioz» (talapgöýlük) – bu söz, adatça, näsagyň kesellemezinden ozalky aýratynlyklaryny ýa-da onuň özüni alyp baryş endikleriniň lukman bilen söhbetdeşlik pursatynda häsiýetlendirilmegi üçin ulanylýar: «Onuň ösüp ýetişmegi, özüni söýüjiligi hem talapkärligi görkezme bilen geçdi», «Özüni hondan bärsi saýan bolup, diýseň talapkär alyp barýar», köplenç halatda, näsagda ruhy ýazgarylma bilen kemsidilip, göwni çökerilen duýgy-düşünje ýüze çykýar.

«Görkezme beriji» – söz, adatça, lukmanyň näsag baradaky dörän hakykata laýyk gelýän pikirlerine näsagyň ozüniň aýdýan sözleriniň hem özüni alyp barşynyň gabat gelmeýänligini häsiýetlendirip, nygtama niýeti bilen ulanylýar. Köplenç halatda ruhy ýazgarma äheňi ýa-da äsgermezlik edip hasaba alynmazlyk bilen geçýär. «Görkezme beriji» (ugrukdyryjy) heniz aggrawasiýa (kesel ýagdaýynyň çişirilip, ulaldylyp görkezilmegi) hem, jögülik etme hem däldir, ýöne nähilem bolsa näsagyň lukmanyň başyny-gözüni aýlap Suwly äkidip, suwsuz getirmek diýlişi ýaly lukmany aldamaga edýän mekirlikli bet niýetidir.

Ýokarda görkezilen we şolara meňzeş gaýry, has seýregräk ulanylýan sözler hemişe diýen ýaly zatlaryň takyk suratlandyrylyp beýan edilmegine tarapgöýlükdir ikilik edilmän, hakyky bolşy ýaly suratlandyrylmagyna päsgel berýär.

Bilimsizlik, özüňe bolan ynamyň çişirilip ulaldylmagy hem talapgöýlügiň, ikiligiň edlmäniň görkezilmegi psihiatriýada ýalňyşlyklaryň goýberilmegine getirýän sebäpleriň has ýygy duşýanlarydyr.

## 4-nji bap. Psihiatriki kömegiň gurnalyşy we hukuk nukdaýnazary

Halk köpçüliginiň bir bölegi psihiki kesellilere özboluşly garaýarlar, ýagny olara «däli, kemakyl» diýip olardan gaça durýarlar, çekinýärler. Şeýlelikde, näsagam, onuň ýakynlaram ejir çekýär. Psihiki keselliler näletlenen hasaplanyp, hatda psihiatr bilen aragatnaşykda bolýan näsaglar hem halanylmaýar. Psihiki keselliler howply, bejerip bolmaýan, duýdansyz gorkunç hereketli hasaplanyp howaýy, ýalňyş pikir edilýär. Bu ýagdaýlar bolsa näsagda we onuň ýakynlarynda onuň sagaljakdygyna bolan ynamy gaçyrýar. Şeýlelikde, näsaglardan çetleşip, olary hälişindi hassahanalarda ýatyryp, durmuş dezadaptasiýasyna iterýärler.

Daş-töweregiň şeýle gatnaşygyny görüp, näsagda kemsinmeklik, nalajedeýinlik duýgusy döreýär. Bu bolsa olaryň keselini agyrlaşdyrýar. Şu halanmazlyk ýagdaý bolsa olary öýsüz-öwzarsyz entäp ýörmegine, bolar-bolgusyz ýerlerde görnüp, urşup, arakhorlar bilen gatnaşykda bolup, jenaýata baş urmagyna getirýär. Şu ýagdaýlar ýüze çykmaz ýaly olary ýaşaýyş jaý, iş ýer bilen üpjün edip, ýeňillikler döredip durmuşa höweslendirmeli. Şeýle-de, olaryň hukugyny we isleglerini goramaly. Näsaglary öz isleglerine görä hassahana ýerleşdirmeli. Çagalary, ýetginjekleri hassahanalara ýerleşdirmek üçin bolsa olaryň hossarlarynyň razylygy gerek. Islegi bolmadyk, töweregine, özüne howp salýan ýa-da ejiz, özüni oňarmaýan näsaglary zor edip ýerleşdirmeli. Şeýle-de, töweregine şikes ýetiren psihiki näsaglar kazyýýetiň karary bilen mejbury bejergä iberilmeli. Psihiki näsazlygy näbelli hassahana ýerleşdirilende hökmany suratda psihiatrlardan düzülen toparyň barlagy bilen iki gije-gündiziň dowamynda takyklanyp, ýagdaýy barada netije çykarylmaly.

Psihiki saglar ýa-da psihiki keselli bolup, hassahanada ýatyrylmagy hökman bolmadyk näsaglar ondan çykarylýar. Eger-de agyr psihiki bozulma bar bolsa, onda bejergi hassahanada dowam etdirilýär.

Raýatda psihiki bozulma bar bolan ýagdaýynda ýa-da hassahanada ýatyp, psihiki keseli bar diýlip kesgit goýlanlaryň hukugy saklanyp, gizlin bolmalydyr.

Psihiki kesellileriň resminamalary arhiwde berk saklanmalydyr. Hassanyň hassahanada ýatanlygy hakyndaky kesel taryhynyň, şeýle-de dispanseriň gözegçi-

ligindäki kartanyň nusgasy käbir edaralaryň ýörite talabyna laýyklykda düzgün boýunça berilýär.

Psihiatr däl lukmanlaryň raýata goýan kesel kesgidi gutarnykly çözgüt hasaplanylmaýar. Emma psihiatryň psihiki kesellä goýan kesel kesgidi gutarnyklydyr.

**Uly ýaşlylara berilýän psihiatriýa kömegi.** XX asyryň 20-30-njy ýyllaryndan häzirki wagta çenli dowam edýän şu gulluga psihiki hassahana hem-de dispanser kömegi girýär. Etrabyň ýaşaýjylarynyň sany hassahananyň göwrümini kesgitleýär. Bir hassahana bir ýa-da birnäçe dispanserleriň näsaglaryna gulluk edýär.

Psihiatriki kömegi geçirýän edaralaryň funksiýalaryna aşakdakylar girýär:

– psihiatriki tiz kömek;

– hassahanada we dispanserde maslahat beriş, kesel kesgitleýiş bejergisi, psihoprofilaktiki, sosial-psihologiki, reabilitasion kömegini geçirmek;

– psihiatriki ekspertizalaryň hemme görnüşini geçirmek. Şeýle-de, wagtlaýynça işläp bilmezligini kesgitlemek;

– psihiki kesellilere sosial-öý hojalyk kömegini bermek hem-de işe ýerleşdirmek;

– ejiz, gurpdan gaçan psihiki kesellä hossarçylyk bellenende oňa kömek etmek;

– hukuk meselesi boýunça maslahat bermek;

– psihiki keselden ejir çekýän maýyplara we garrylara sosial-öý hojalyk kömegini bermek;

– tebigy betbagtçylyklarda heläkçilige uçranlara psihiatriki kömegi bermek.

Psihiatriki tiz kömek gündizine uçastok psihiatry, psihiatr-maslahatçy, ýöriteleşdirilen tiz kömek toparlary bilen geçirilýär. Psihiatriki tiz kömegiň lukmanlary dürli edaralardan çakylyk gelende gije-gündiz hyzmat edýär. Şol çakylyga gelen psihiatr lukman psihiki näsagyň ýagdaýyna görä hassahana ýerleşdirmek meselesini çözýär. Lukmançylyk işgärleri ýöriteleşdirilen psihiatriki tiz kömek gelýänçä, göçgünli näsagyň elini-aýagyny ýumşak esgi bilen krowada daňýarlar.

Urgent ýagdaýdaky näsaglara tiz kömegi intensiw terapiýa bölüminde geçirilýär. Uly hassahanalarda psihosomatiki bölümleri bolýar. Şol ýerde-de psihiatrlar bilen bilelikde dürli hünärli lukmanlar işleýär. Bular somatopsihiki we psihosomatiki ýagdaýdaky näsaglara lukmançylyk tiz kömegini berýärler. Şeýle-de, özüne kast edip, ölmän galanlara we zäherlenenlere lukmançylyk tiz kömegi berilýär.

**Ambulator kömegi.** Gatnap bejerilýän ýerlere psihonewrologiki dispanser, hassahananyň dispanser bölümi, saglyk öýüne hem-de mediko-sanitar bölümlere degişli bolan psihiatriki otaglar, bejeriş-önümçilik zähmet bölümleri degişli. Ýarymstasionar tipli bölümlere gündizki gatnalyp bejerdilýän bölüm girýär. Obalardaky psihiki näsaglar etrap merkezinde köpugurly hassahanada ýerleşen psihiatriki otaglarda hasapda durup, gözegçilikde bolup bejergi alýarlar. Psihonewrologiki dispanser belli bir territoriýany öz içine alyp, şondaky psihiki näsaglary öz hasabynda saklaýar, olara gözegçilik edýär, bejergi geçirýär. Şeýle-de, onuň düzü-

mine çaga-ýetginjek we logopediki bölümler girýär. Psihonewrologiki dispanseriň näsaglary iki topara bölünýär. Birinjisi, dispanserde hasapda durup, gözegçilikde bolýanlar. Ikinjisi, bejeriş-maslahat beriş kömegini alan näsaglar.

Dispanserde işleýän psihiatr aýda 1 gezek öz hasabynda duran näsaglara gözegçilik edýär. Dispansere gelmekden boýun gaçyrýan näsaglaryň üstüne baryp seredilýär. Dispanseriň işine şu aşakdakylar hem degişlidir:

– näsagyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini öwrenmek;

– näsag bilen onuň garyndaşlyk gatnaşygyny sazlamak;

– pasport almak, nepagany resmileşdirmek, ýaşaýan ýeri boýunça ýazga durmak meselesini çözmek;

– näsaglary işe duruzmak;

– ýaşaýyşda möhüm bolan meseleleri çözmek;

– näsaglara pul serişdeleriniň tygşytly peýdalanylyşyny öwretmek.

Soňky ýyllarda dispanserden daşary psihiatriki kömege goşmaça bolan suisidologiki, seksologiki, logopediki we neýroreabilitasion gulluklar girizildi.

**Stasionar kömegi.** Stasionar kömegi psihiatriki hassahanalarda hem-de köpugurly hassahananyň psihosomatiki bölüminde berilýär. Stasionarda ýatyrylmak üçin göz-görtele psihiki ýoýulma, psihiatr lukmanyň şol näsagy stasionarda ýatyrylmagy barada kesgidi, kazyýetiň karary, psihiatriki ekspertiza geçirilmeli bolanda, şeýle-de hassahanada ýatyrmak üçin uçastok psihiatrynyň, tiz kömek gullugynyň nobatçy psihiatrynyň görkezmesi zerur. Eger ýokardakylar bolmanda, saglyk öýüniň we umumy somatiki hassahananyň lukmanlarynyň görkezmesi möhümdir. Çykgynsyz ýagdaý ýüze çykanda näsagy görkezmesiz hem psihiatriki hassahananyň nobatçy lukmany kabul edip biler. Psihiatriki hassahananyň düzümine kabul ediş bölümi, umumy ýatyrylýan bölümler (aýallar, erkekler), ýöriteleşdirilen bölümler (geriatriýa çaga, kazyýet-psihiatriýa, sanator narkologiýa, arakhorlyk, ýetginjekler) girýär. Sanator bölüminde psihiki keseliň ýeňil görnüşi bilen kesellän näsaglar ýatýar. Bu ýerde «açyk gapylar» düzgüni ýöredilýär. Hassahanada näsagy hemmetaraplaýyn barlamak üçin dürli anyklaýyş (diagnostiki) bölümleri işleýär (patopsihologiýa, klinika, fizioterapiýa, biohimiýa, elektroensefolografiýa, rentgen, funksional diagnostika) we ş.m. Şeýle-de, psihiki kesellileriň somatiki ýagdaýyna gözegçilik edýän terapewt, okulist, newropatolog, dermatolog, GBB lukmany bolmalydyr. Umumy psihiatriki bölümde näsaglar özüne we töweregine şikes ýetirilmez ýaly kesiji, sanjyjy predmet, ýüp, toksiki maddalar bolmaly däldir. Näsaglar üçin howp salýan ýokarda agzalan zatlaryň bolmazlygy üçin, wagtal-wagtal olaryň tumbalaryny, ýatan ýerlerini barlamaly. Kabulhanada näsagyň gymmat bahaly zatlaryny seýfe salyp saklaýarlar, hassahanadan çykanda bolsa yzyna berýärler.

Göçgünli ýagdaýdakylary, töweregine howp salýanlary, iýmitden ýüz öwürýänleri, özüne kast etjek bolýanlary, akyl-huşuny ýitiren näsaglary mydama gözegçilikde saklanýan otaglarda ýatyrmaly. Olaryň ýatýan otagynda gapy ýapylmaýar,

çyra öçürilmeýär, kellesini ýorgan bilen ýapmaklyga ygtyýar berilmeýär. Nahar iýlende, dürli bejeriş çäreleri geçirilende, derman içilende gözegçilik dowam etdirilmelidir. Hassahanada ýatanlar bölüm müdirine, baş lukmana, hukuk goraýyş edaralaryna, mollalara ýüz tutmaga haklydyr. Bölümde näsaglara radio diňlemek, telewizora seretmek, kitap okamak, küşt, şaşka oýnamak mümkinçiligi döredilýär. Şeýle-de, bölümden daşarda howlynyň içinde günde 1-2 gezek arassa howadan dem alyp, bir-birleri bilen söhbetdeş bolmak mümkinçiligi döredilýär.

**Çagalara we ýetginjeklere berilýän psihiatriýa kömegi.** Psihiki keselli çagalar we ýetginjekler dispanseriň üsti bilen lukmançylyk, sosial, bilim kömegini alýarlar. Olar, esasan, ambulator görnüşde kömek alýarlar. Muňa garamazdan dispanser, hassahana kömegini hem alýarlar. Ambulator kömegi PND-nyň hem-de psihiatriýa hassahanasynyň dispanser bölümi berýär. PND-nyň çaga psihiatry töweregindäki golaý etraplaryň çaga saglyk öýüne hyzmat edýär. Hassahana kömegini umumy psihiatriýa hassahanasy we PND-nyň hassahanasy berýär. Adatça, çaga we ýetginjek bölümi uly psihiatriki hassahanalarda ýerleşýär. Psihiatriýa çaga bölümi özboluşly otaglarda ýerleşip, ol ýerde diňe bir bejergi çäreleri geçirilmän, okuw-terbiýe işleri, logopediki okuwlary geçirilýär. Bu okuwlar dürli görnüşli oýunlardyr sazlar bilen utgaşykly alnyp barylýar. Sosial we reabilitasiýa nukdaýnazardan akyl taýdan yza galanlara çaga öýleri, psihonewrologik internatlary hyzmat edýär. Bulardan başga-da, sosial gorag hem-de ylym-bilim bermek üçin ýöriteleşdirilen mekdepler, akyl taýdan yza galanlar, gowy gürläp bilmeýänler üçin sanator tipli çagalar baglary, mekdep internatlary, bitertip ýetginjekler üçin ýöriteleşdirilen liseýler bolýar. Ýaş çagalaryň haýsy ýerde we nähili okadylmalydygyny psihologik mediko-pedagogiki barlag topary kesgitleýär. Şol toparyň düzümine ylym-bilim ulgamynyň wekili, sosial goragy ugurdan wekil, şäher saglygy goraýyş edarasynyň wekili, çaga psihiatry, defektolog, psiholog, logoped girýär. Toparyň görkezmesi bilen näsag çaganyň ata-eneleriniň razylygy alnandan soň ony internatlara, kömekçi mekdeplere iberýärler.

## 5-nji bap. Psihiatriki ekspertizalaryň görnüşleri

**Zähmet ekspertizasy.** Bu ekspertiza näsagyň iş ukybynyň näderejede ýitirilendigini kesgitlemek üçin geçirilýär. Iş ukybyny ýitirmegiň wagtlaýyn, durnukly (maýyplyk), bölekleýin we doly görnüşleri bar. Wagtlaýyn iş ukybyny ýitirenlere bejeriji lukman aýlyk möhlet bilen ýarawsyzlygy üçin berilýän rugsady berýär. Uzaga çeken kesellerde Lukmanlaryň maglumat beriş toparynyň (LMBT) üsti bilen ýarawsyzlygy üçin berilýän rugsat 4 aýa çenli uzaldylýar. Kähalatlarda kesel bir-

näçe aýa (6 aý) çenli çekende maýyplyga geçirmäge gyssanmaly däl, sebäbi onuň gowulanmagy mümkin. Näsagyň ýagdaýy gaty bir agyr bolman, ýeňilräk işlerde işläp bilmek ukybynyň bolan ýagdaýynda höwesiniň hasam peselmezligi üçin, gowusy ony maýyplyga geçirmeli däl.

Keseli agyr bolup, bejergi peýda etmedik halatynda näsagyň işlemäge mümkinçiliginiň ýok ýagdaýynda maýyplyga lukmançylyk-sosial-ekspert toparynyň görkezmesi bilen geçirilýär.

Maýyplyk 3 topara bölünýär:

**I topar.** Muňa agyr näsaglar girýär. Olara elmydama gözegçilik, kömek gerek bolup durýar. Sebäbi, olar öz-özlerine hyzmat edip bilmeýärler. Bu topar şizofreniýada, agyr organiki kesellerde, çuňňur kemakyllykda bellenilýär.

**II topar.** Bu giň ýaýran topar bolup, oňa hünäri boýunça iş ukybyny doly ýitiren, emma ýönekeý, ýeňil işlere ukyply hem-de öz-özüne hyzmat edip bilýänler girýär. Bu topara üznüksiz geçýän şizofreniýa, MDP-da, beýniniň organiki kesellerinde şahsyň mazaly ýoýulmasynda, şeýle-de obsessiw-kompulsiw, konwersion bozulmalarda bellenýär.

**III topar.** Muňa ýeňil keseller girýär. Şol sebäpli hem näsaglarda işlemäge mümkinçilik bolýar. Bu topar şizofreniýanyň we MDP-nyň ýeňil görnüşinde, beýniniň organiki kesellerinde, şahsyň ýüzleý ýoýulmasynda we ş.m. bellenýär.

Ýokarda agzalan maýyplygyň toparyna görä kömek puly (posobiýe) bellenilýär. Ýylda 1 gezek lukmançylyk-sosial-ekspert toparynyň görkezmesi bilen maýyplygyň möhletini uzaltmagyň ýa-da bes etmegiň meselesi çözülýär. Has agyr we hiç haçan düzelmejek psihiki ýoýulmaly näsaglara mydamalyk maýyplyk kesgitlenilýär.

**Harby psihiatrik ekspertiza.** Bu ekspertiza umumy harby lukmançylyk ekspertizanyň bir bölegi hasaplanýar.

Maksady:

– harby gulluga ilkinji gezek çagyrylyp, hasaba alynmaga ýarawlydygyny barlamak;

– harby gulluga nähili derejede ýarawlydygyny kesgitlemek;

– ýokary we orta harby, polisiýa, harby-sazçylyk, harby-howa, harby-deňiz mekdeplerine girmäge ýarawlydygyny kesgitlemek;

– harby gullukdakylara gerek bolan ýagdaýynda ekspertiza geçirmeli.

Ýokarda agzalan ekspertizalar ambulator şertlerinde geçirilýär. Kynçylykly, düşnüksiz ýagdaýlar ýüze çykanda harby hassahanada ýatyryp, ekspertiza geçirilýär. Harby gulluga çagyrylýan ýetginjekleri harby komissariat barlag toparyndan geçirende psihiatr lukman ýetginjegiň harby gulluga ýarawlydygyna ýa-da däldigine şübhelense, anyklamak üçin hassahana iberýär. Barlanýanyň ýagdaýyna görä, WWK şu aşakdaky netijelere gelip bilýär:

a) gulluga ýarawly;

b) gullugyň käbirine ýarawly, käbirine ýarawly däl;

ç) gulluga çäkli ýarawly, ýagny parahatlyk döwürde (gulluga ýarawsyz, uruş döwründe nyzama degişli däl gulluga ýarawly);

d) wagtlaýyn harby gulluga ýarawsyz (saglygy dikelýänçä);

e) harby gulluga ýarawsyz.

Harby kitapçada gulluga ýarawlydygynyň kategoriýasy keselleriň tertibi boýunça görkezilýär.

**Kazyýet-psihiatriýa ekspertizasy.** Bu ekspertiza jenaýat eden adam şol döwürde öz erkindemi ýa dälmi, öz hereketini jylawlap bilipmi ýa bilmänmi diýen meseleleri çözýär. Şeýle-de, işe ukyplydygyny ýa-da däldigini kesgitleýär. Sud psihiatriýa ekspertizasy güman edilýäne, günäkärlenýäne, sud edilýäne, sud edilene, şaýada, ejir çekene, arz edene, üstünden arz edilene geçirilýär.

Ýokarda agzalanlaryň islendigi ekspertizany geçirmeklige arz edip biler, emma ekspertiza geçirmek hakdaky görkezmäni kazy, prokuror, sülçi berip biler. SPEK-nyň düzüminde azyndan 3 hunärmen bolmaly (başlygy, ekspertizany geçirýän we barlag toparynyň agzasy). SPE saglyk öýünde ýa-da hassahanada geçirilýär. Ekspertizanyň öňünde şu soraglar goýulýar: barlanýan psihiki kesel bilen ejir çekýärmi, eden işini akyly ýerinde wagty ýa-da akyly üýtgän ýagdaýda edipmi, raýatlyk prosesde işe ukyplymy ýa-da dälmi. Eger-de akyly üýtgän bolsa, kazyýetiň karary bilen ýöriteleşdirilen hassahana mejbury bejergä iberilýär. Akyly üýtgän näsag günäkär hasaplanmaýar. Akyly üýtgemedik ýagdaýda jenaýat etse, ýöne kazyýet jogapkärçiligine çekilmänkä psihikasy üýtgäp, kazyýetiň öňünde durup, eden işine oňly jogap berip bilmese, onda günäkärlenýäni psihiatriýa hassahanasyna suduň üsti bilen iberip, tä şol ýagdaýdan çykýança saklanylýar, bejerilýär. Ýagdaýy gowulanandan soň, günäkär bilnip, jezasyny çekmek üçin türmä iberilýär. Akyly üýtgänligiň lukmançylyk kriteriýasyna şu keseller girýär:

Dowamly psihiki keseller (şizofreniýa, garaguşagyry, psihiki ýoýulma, garrylyk psihozlary) wagtlaýyn ýüze çykýan psihiki kesel ýagdaýlary (ýiti reaktiw psihozlar, affektiw-şok reaksiýalary, patologiki serhoşlyk) kemakyllyk (dogabitdi ýa-da soň dörän). Şu kriteriýa kesgitlenende barlanýanda ruhy ýoýulma faktynyň barlygyny bilmek zerur hem-de onuň wagtyny, ýagny jenaýatdan ozal, jenaýat wagty, jenaýatdan soň.

Eger-de lukmançylyk kriteriýasy kesel zerarly akylyň üýtgänligini anyklasa, ýuridiki kriteriýa haýsy we nähili derejede kesel günäkärlenýäniň erkine we hereketlerine täsir edip bilendigini anyklaýar. Akyly üýtgänler mejbury bejergi alyp ýörkä, her 6 aýdan olar lukmançylyk barlag toparyndan geçirilýär. Eger-de ýagdaýy gowulanan bolsa, aktyň üsti bilen kazyýete habar berilýär. Kazyýet hem ony goldap, mejbury bejergini aýryp, umumy psihiki hassahana iberýär.

## 6-njy bap. Umumy psihopatologiýa

Adaty psihiki bozulmalaryň ýüze çykmagyna degişli bolan psihiatriýanyň köpdürli meselelerini öz içine alýan umumy psihopatologiýa diňe bir okuw serişdesi hökmünde garalmagy megerem, nädogrudyr. Çünki umumy psihopatologiýany oňat özleşdiren lukmanyň alamatlar toplumy arkaly kesele belli bir kesgidi goýmaga ýeterlik derejede bilimi bolýar. Şol bilim bolsa oňa geljekki bejergini dogry alyp barmaga zerur bolan ähli şertleri hem mümkinçilikleri döredýär.

Umumy psihopatologiýa psihiki keselleriň alamatlaryny (simptomlaryny) ünsde, huşda, oý-pikirlenmede, akyl-paýhasda, emosiyalarda, erk-ygtyýarda, isleg-küýsegde, düşünjede, hereketlerde dörän bozulmalar bilen baglylykda aýry-aýry toparlara bölýärler. Emma psihiki hadysalaryň bir-biri bilen arabaglanyşygynyň barlygy sebäpli şeýle bölüşdirme şertleýindir.

Okuw maksatnamasyna laýyklykda alamatlar toplumyna hem alamatlara bir bapda garalmagy maksadalaýyk hasaplanylýar. Şeýle edilende sindromlaryň emele gelmeginde alamatlaryň aýry-aýrylykdaky ähmiýetini aydyň kesgitläp, oňa anyk göz ýetirmäge mümkinçilik döreýär.

**Psihopatologik alamatlar (simptomlar).** *Alamat (simptom)* – bu dürli näsaglarda duşýan fenomen (ýagdaý) bolup, sagdyn bedende nähilidir bir näsazlygyň, psihiki hadysalaryň (prosesleriň) geçişiniň tebigylygynyň ýoýulmagyny aňladýan ýagdaýdyr.

Psihiatriýany öwrenmäge girişen her bir adam psihiki fenomenleriň biçak köp görnüşlidigine bada-bat göz ýetirip, oňa aýratyn üns berýär. Kähalatlarda bolsa islendik seýrek hem adaty bolmadyk psihiki ýagdaýa keseliň alamaty hökmünde seretmek islegi döreýär. Keseliň kesgidiniň çendenaşa ulaldylyp goýulmagynyň öňüni almak üçin lukmançylygyň islendik pudagynda bolşy ýaly, psihiatriýada-da kesel anyklanylyp, onuň gutarnykly kesgidi goýlanda hemişe iş tejribesine salgylanyp, durmuşyň maddy hem medeni ölçeglerinden ugur alynmalydyr. Şol sebäplide, islendik fenomene, onuň seýrekdigine we adaty däldigine garamazdan, adam jemgyýetde öz mynasyp ornuny tutup bilmek, durmuşa erjel çemeleşmek, edýän işinden, çekýän zähmetinden lezzet almak ukyplaryny ýitirmedik bolsa, onda oňa kesel alamaty hökmünde garamak bolmaz. Näsagyň her bir hereketiniň, aýdýan sözüniň we kalbyndaky alada-ünjüleriniň gereginden artyk ýygjamlygy, çendenaşa gönümelligi ýa-da aýdýan sözleriniň üýtgeşikligi, ýöredýän pikirleriniň edähede

nälaýyklygy, durmuşy şertdir ýagdaýlara bap gelmezligi psihiki bozulma alamaty hökmünde hyzmat edip biler. Ýöne şol fenomeniň ýüze çykyşy seýrek bolsa, onda ol adama hiç hili zeper ýetirmeýär. Diýmek, şol fenomen kesel alamatyny hem aňlatmaýar. Ýakynynyň aradan çykanyna gynanyp, tukat bolup gezmek ýagdaýy juda uzaga çekip, adamyň özüni arkaýyn duýmagyna, birsydyrgyn işlemegine, önjeýli zähmet çekmegine päsgel berse, ýakyn-ýady bilen adaty gep-söz alyşmagyna päsgelçilik döretse, onda onuň kesel alamatyny aňlatdygydyr.

Bolup geçýän ýagdaýlardan bihabar bolup howsala düşen ýagdaýynda sag adamlarda peýda bolýan illýuziýalar, duýgy kabul ediliş kadasynyň ýoýulmalary, aýratyn kesel derejesine ýeten barypýatan arakhorlarda has hem aýdyň we ýüregedüşgünç görnüşde ýüze çykýar. Şol illýuziýalar we duýgy kabul ediliş kadasynyň ýoýulmalary psihozyň, arakhorlarda bolsa ýiti alkogol psihozynyň dörändigini görkezýär.

Alamatlar (simptomlar) keseli anyklamagyň esasy özeni bolup durýar, ýöne onuň keseli anyklaýyş ähmiýeti güýçli tapawutlanyp hem biler. Psihiatriýa amalyýetinde keseli gönümel aňladyjy alamatlar asla ýokdur, ýöne şeýle-de bolsa, belli bir keseli häsiýetlendirmekde mahsus bolan ençeme alamatlaryň bardygyny mysal getirmek bolar. Meselem, kelläňdäki pikirleriň aç-açan okalyşyny duýmak, olaryň esli aralyga getirilip, zoraýakdan kellä salynmagyny ýa-da çykarylmagyny duýmak ýaly alamatlar paranoid şizofreniýasyna mahsusdyr. Argaýl Robertsonyň alamaty merezýelli meningoensefalite, progressiw paraliçe häsiýetli bolýar. Psihiatriýadaky alamatlaryň aglabasy belli bir kesele mahsus häsiýetli bolmaýar. Meselem, uky bozulmalary, lapykeç bolmak, howsala düşmek, biynjalyk bolmak, howatyrlanyp gorkmak, tiz ýadaganlyk ýaly alamatlar psihiki keselleriň islendiginde-de duş gelip biler. Paranoidiň we gallýusinasiýalaryň ýüze çykmagy has çäkli hem iňňän gödek psihiki bozulmalary aňladýar. Ýöne psihozyň köp görnüşinde ýüze çykyp bilýändigi sebäpli, paranoidi we gallýusinasiýalary belli bir kesgitli kesele mahsus hasap edip bolmaýar.

Şeýlelikde, alamatlaryň keseli anyklamakdaky esasy ähmiýeti olaryň emele getiren alamatlar toplumy arkaly iş ýüzünde amala aşyrylýar. Şonda alamaty alamatlar toplumynyň düzümindäki tutýan ornuna baglylykda ähmiýet berip tapawutlandyrýarlar. Esasy alamat (obligat), alamatlar toplumyny dörediji alamat hökmünde-de hyzmat edip biler. Meselem, keýpiň gaçyp, lapykeç bolmaklyk depressiýanyň obligat alamaty, fiksasion amneziýa bolsa (huşuň durnukly ýitirilmegi) Korsakowyň sindromyndaky merkezi bozulmany aňladýar. Beýleki bir tarapdan bolsa, belli bir näsagyň keseliniň geçiş aýratynlyklaryny görkezýän bölekleýin alamatlary hasaba almak zerurlygy ýüze çykýar. Meselem, depressiw alamatlar toplumyna howsala düşmek, göçgünli we galagop herekete gelmek häsiýetli däldir, ýöne öz janyna kast etme howpy welin ýokarydyr. Kähalatda belli bir alamatyň döremegi lukmana ýörite çäreleri geçirmekligiň zerurdygyny görkezýär. Meselem, düwläp duran

göçgünlilik, adatça, näsagyň ýagdaýynyň agyrdygyny aňladýar we keseliň çak edilýän nozologiki kesgidine garamazdan, onuň hassahanada bejergi almalydygyna şaýatlyk edýär. Näsagyň nahardan ýüz öwürmegi, öz janyna kast etmäge erjellik bilen ýykgyn etmegi şindi kesele gutarnykly bir kesgit goýulmadyk hem bolsa, tizden-tiz hereketler edip, lukmandan gyssagly suratda şol howpuň öňüni almagyny talap edýär. Köplenç halatda psihopatologik alamatlaryň belli bir kesele mahsus bolmasa-da, keseliň haýsydyr bir alamatynyň döräp ýüze çykmagyna özboluşly täsirini ýetirýändigini göz öňünde tutmak hökmanydyr. Şu jähtden alanyňda, psihiatriýada belli bir kesele gönümel degişliligini görkezýän alamatlardan daşary we alamatlar toplumyndan ýokary käbir häsiýetlendirilmeler hem iş tejribesinde ulanylýar. Meselem, şizofreniýanyň wajyp alamatlarynyň biri shizisdir (bölünmedir). Bölünme – bu belli bir kesgitli alamat bolman, içki gapma-garşylyklara ýykgyn etmekligiň, biri-biriniň garşysyna gönükdirilen utgaşdyrylmalaryň barlygy bilen ýüze çykýan, şizofreniýadaky ähli alamatlaryň umumy häsiýetlendirijisidir. Mysal üçin, shizise häsiýetli gallýusinasiýalar näsagyň gaýry psihiki ýagdaýlaryndan bölünip aýrylýar-da, psewdogallýusinasiýanyň (ýalan gallýusinasiýanyň) häsiýetini alýar. Beýleki bir alamatlar toplumyndan ýokary häsiýetli bolan paroksizmallyk bolsa, garaguşagyry alamatyna ýakynlygyndan habar berýär. Gallýusinasiýalar garaguşagyry häsiýetli alamat hasap edilmeýär, ýöne olar paroksizme (ýagny duýdansyz peýda bolup, az wagtlap dowam edip, birdenem duýdansyz aýrylyp gitmesi) getirse, onda olara garaguşagyrynyň alamaty hökmünde garalýar.

Kakynda-da alamatlar umumy häsiýetlere eýedirler: olar dikeldilip bolunýan, öňki derejesine öwrülip bilýän, diňe degnasyna deglip, gahary getirilip, ezýet berlendäki şertlerde döräp, öz-özüňi ynandyrmaklygyň esasynda kemala gelýän (ýagny näsagyň olary göz öňüne getirişi ýaly), töweregindäki synlaýan adamlara täsir etmek maksadynyň barlygy we olaryň özüne bolan garaýşyna baglydygy – bularyň bary näsagyň özüni il öňünde göz edip görkezmäge çalyşýandygynyň ýüze çykmasy hökmünde garalýar. Galyberse-de, kakynda gallýusinasiýalar durnuksyz, manysy boýunça degnasyna deglişine göni bagly bolup, örän göçgünli we sahna oýunbazlygy ýaly örän gyzgalaňly geçirilýär.

**Psihopatologik alamatlar toplumlary (sindromlar).** Psihiki alamatlarynyň gaýtalanyp, biri-birine utgaşyp, döreýiş mehanizmleriniň umumylygynda biri-birleri bilen içgin baglanyşyklydygy arkaly näsagyň häzirki ýagdaýynyň suratlandyrylyşyna sindrom (alamatlar toplumy) diýilýär.

Alamatlar toplumynyň düzüliş esasynda alamatlaryň patogeneziniň (keseliň geçiş ýagdaýynyň) umumylygynyň ýatandygyny çaklamaga esaslar bar. Meselem, depressiýa häsiýetli bolan çet-gyraky simpatikotoniýa ýüregiň çalt-çaltdan urmagyna, içiň gatamagyna, göreçleriň giňelmegine getirýär. Emma häzirki wagtda psihiki bozulmalarda keseliň geçiş ýagdaýynyň ýeterlik derejede öwrenilmändigi sebäpli, lukmanlar üçin alamatlaryň çalymdaşlygynyň, gaýtalanyşynyň, olaryň haýsydyr bir

utgaşmasynyň öte ýygjamlygynyň ähmiýeti has hem möhümdir. Mundan başga-da, olaryň arabaglanyşygy diňe bir biologik bolman, eýsem, logikidir. Meselem, fiksasion amneziýada bolup geçýän hadysalary ýatda saklamak ukybynyň ýitirilmeginiň wagty kesgitlemek ukybynyň bulaşmagyna, nätanyş ýerde, täze ýagdaýda basga galyp aljyramagyna getirmegi kanunalaýyk hadysadyr. Alamatlar toplumy (sindrom) psihiatriýanyň keseli anyklamakdaky wajyp ölçegleriniň biridir. Şunda alamatlar toplumy boýunça kesele belli bir kesgidi goýmaklyga keseliň nozologik kesgidini goýmakdaky tapgyrlaryň biri hökmünde garalmaýar. Psihiatriýanyň iş tejribesindäki köp meseleleriň çözülmeginde anyk we dogry beýan edilip şöhlelendirilen alamatlar toplumy, dogry goýlan nozologik kesgitden ähmiýeti boýunça ýokarydyr we has zerurdyr. Şol sebäpli hem bejergi geçirýän lukmanyň etiotrop (keseliň döremeginiň sebäbiniň garşysyna gönükdirilen) serişdeleri ulanmagy maksadalaýykdyr. Psihiki bozulmalaryň aglabasynyň sebäpleriniň häzirlikçe üstüniň açylmandygy, psihiatriýada ulanylýan esasy dermanlaryň bolsa, belli bir keseliň garşysyna gönümel hem garaşylýan derejede täsiriniň ýetmeýändigi sebäpli, bejergi geçirilende, köplenç, esasy alamatlar toplumyndan ugur alynýar. Kesele alamatlar toplumy boýunça goýulýan kesgit, köplenç halatda zerur bolan bejergi çäresini tiz anyklamaga mümkinçilik berýär. Meselem, aýdyň ýüze çykyp, anyk bildirýän depressiw alamatlar toplumy näsagyň öz janyna kast etmekçidigini, şoňa ymykly niýet edendigini çaklamaga mümkinçilik döredip, lukmanyň ýerlikli hem gyssagly hereketlere geçip, näsagyň hassahana ýerleşdirilmegini, oňa biçak sak bolmalydygyny, sussupesligiň garşysyna gönükdirilen dermanlaryň ulanylmalydygyny görkezýär.

Eger-de keseliň nozologik kesgidi tutuşlaýyn alanyňda, keseliň geçişiniň esasy ugurlaryny anyklaýan, çak edip gelinmeli netijäni kesgitleýän bolsa, onda kesele alamatlar toplumy boýunça goýulýan kesgit näsagyň keseliniň häzirki ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Şol sebäpli hem keselliligiň dowamynda biz şol bir näsagda dürli alamatlar toplumynyň yzygiderli üýtgäp durýandygyny, keseliň haýsydyr bir alamatlaryndan düýbünden sap bolan tapgyrlary (intermessiýalary), şol bir wagtda-da birnäçe alamatlar toplumynyň bilelikde ýüze çykýanlygyny hem synlap bilýäris. Käbir keseller (meselem, garaguşagyry we şizofreniya) alamatlarynyň dürli-dürlüligi, köp görnüşliligi bilen tapawutlanýar. Şeýle keselli dürli näsaglarda yüze çykýan alamatlar toplumy biri-birinden şeýle bir tapawutlanýar welin, şol alamatlaryň birnäçe näsaga mahsus umumylygynyň üstüni açmak diýseň çetin bolýar. Şeýle ýagdaý köp asyrlaryň dowamynda şizofreniýanyň käbir görnüşleriniň geçişine düýbünden başga kesel hökmünde garalmagyna getiripdir.

Kesele alamatlar toplumy boýunça goýulýan kesgit dünýä ýüzünde psihiki keselleriň toparlara bölünmegine nazaryýet taýdan çemeleşmekdäki gapma-garşylyklary çözmäge mümkinçilik berýär. Keseli anyklamakdaky nozologik garaýşyň, ýagny aýry-aýry kesellere geçiş häsiýeti boýunça çemeleşmekligiň

dünýäniň köp ýurtlarynda ykrar edilmänligi sebäpli, dürli psihiatriki merkezleriň lukmanlarynyň we alymlarynyň özara maglumat alyşmaklary kyn bolup durýar.

Näsagyň ýagdaýynyň alamatlar toplumy boýunça häsiýetlendirilişi has takyk hem çürt-kesik bolýar. Köp halatlarda şol taglymat kynçylyklardan üzňe bolansoň, ýurtda orun alan adaty garaýyşlara garamazdan, näsagyň ýagdaýynyň oňayly hem dogry kesgitlenilmegine mümkinçilik döredýär. Alamatlar toplumy keseli anyklamaga mümkinçilik bermese-de, olary azda-kände kesele mahsus bolan häsiýetlere bölýärler. Meselem, apatiko-abuliki ýagdaýyň we Kandinskiý-Klerambonyň psihiki awtomatizmi paranoid şizofreniýasyna mahsusdyr hem-de beýleki kesellerde örän seýrek duş gelýär. Emma welin, depressiw alamatlar toplumy gönümel degişlilikden daş bolup, endogen, psihogen, somatogen we ekzogen-organiki kesellerde diýseň ýygy duş gelýär.

Alamatlar toplumyny ýönekeýlere (kiçilere) we çylşyrymlylara (ululara) bölýärler. Şularyň birinjisine ynjyklyk bilen argynlygyň utgaşýan asteniki alamatlar toplumyny mysal getirmek bolar. Adatça, ýönekeý alamatlar toplumyna ýeterlik derejedäki gönümel nozologik degişlilik mahsus bolman, olar köpdürli kesellerde – iň ýumşaklaryndan (newrozlardan) başlap iň gödeňsilerine – (organiki psihozlara) çenli ýüze çykyp bilýär. Ýönekeý alamatlar toplumy diňe özüne mahsus görnüşde ýüze çykyp bildirýän hem bolsa, wagtyň geçmegi bilen onuň çylşyrymlaşýandygyny (paranoid görnüşindäki gödeňsi alamatlaryň, gallýusinasiýalaryň, şahsda bolup geçýän aýdyň özgermeleriň döräp goşulmagyny), ýagny çylşyrymly alamatlar toplumynyň döreýändigini görmek bolýar.

**Newrotik we psihotik derejedäki bozulmalar.** Biz ýönekeý hem çylşyrymly alamatlar toplumlarynyň, adatça, newrotik-newrozlar hem psihotik-psihozlar diýilýän psihiki bozulmalarynyň dürli derejelilerini kesgitleýändigini görýäris. Elbetde, şu derejeleriň çäkleri şertlidir, ýöne ol gödeňsi hem görnetin ýüze çykýan alamatlaryň psihozyň alamatlarydygyny çak etmäge mümkinçilik berýär. Duýgy kabul edilişindäki hem-de hereketlere akyl ýetirilişdäki bozulmalar (paranoid, gallýusinasiýalar, huşuň peselip, akylyň bulaşmasy), özüňde keseliň barlygyna düşünmezlik (tankydy garaýşyň bozulmagy), özüňi nädogry, köplenç halatda tagaşyksyzdan samsyklaç alyp baryp, howply edim-gylymlara ýüz urmak (psihomotor göçgünlilik, hatarly hereketlere baş urmak, öz janyňa kast etmäge meýil etmek, lukmanyň kömeginden ýüz öwürmek) ýaly hereketler adamyň psihikasynyň bozulandygyny görkezýär. Şeýle gödeňsi alamatlaryň peýda bolmagy, näsagyň töwereginde bolup geçýän zatlara akyl ýetirmesini, düşünmesini ýoýup, uýgunlaşma ukybyny ýitirýär-de, kesel alamatynyň ýüze çykanlygyny jedelsiz görnüşde tassyklaýar. Newrotik (newroza meňzeş) bozulmalar bolsa, tersine, alamatlaryň ýumşaklygy hem ýüzleýligi bilen tapawutlanýar. Newroz kesellileriň daşyny gurşaýan dünýäni kabul edişi sag adamlaryňkydan tapawutlanmaýar. Bu bolsa olaryň özündäki bitaplygyň keseliň alamatydygyna göz ýetirip düşünmegine mümkinçilik berýär.

Bardy-geldi şolar ýalylaryň kellesinde geň-enaýy, adaty bolmadyk pikirler döräýse, ol şol pikirleriň kesel häsiýetlidigine göz ýetirýär. Şol sebäpli hem şeýle näsaglar bir tarapdan, iliň öňünde masgara bolmajak bolup, özündäki keseliň alamatlaryny töwerekdäkilerden ýaşyrýan bolsalar, beýleki bir tarapdan, dertden mümkingadar tiz dynmak üçin öz edýän hereketleri netije bermänsoň, lukmana ýüz tutýarlar. Newrotik bozulmalar hiç haçan howply edim-gylymlara ýüz urmak bilen häsiýetlenmeýär. Galyberse-de, newrotiki diýlip hasap edilýän fenomenleriň tut ýaly sag adamlarda-da seýrek duşmaýanlygy hem göz öňünde tutulmalydyr.

Şeýle ýagdaý sag adamlarda seýrek duş gelip, onuň umumylaşyşyna täsir etmeýän bolsa, psihiki kesellilerde ol durnukly hem ýüregedüşgünç, irginsiz häsiýetli bolup, kähalatlarda adamyň durmuşyny çepbe çöwrüp, halyny teň edýär, hatda maýyplyga getirýän ýerleri hem seýrek däl. Newrotiki hem-de psihotiki derejedäki düşünjeler haýsydyr bir anyk, belli kesel bilen baglanyşykly däldir. Ondan başgada, adamyň ýagdaýy şol bir keselde dürli wagtda dürli hili, ýagny newrotik ýa-da psihotik suratlandyrylyp bilner. Meselem, diňe newrotik alamatly keseliň wagtyň geçmegi bilen beterläp, psihoza geçmegi ähtimaldyr. Öz wagtynda hem-de dogry geçirilen bejergi psihozy togtadyp, newrotik alamatlaryň esasy alamatlar bolup galmagyna getirip biler. Käbir kesellerde näsagyň bütin ömrüniň dowamynda alamatlar newrotik derejäniň çäklerinden çykmaýar (hakyky newrozlar topary, siklotimiýa, şizofreniýanyň çala zeper ýetirijisi, psihopatiýalar).

**Öndürijilikli we negatiw alamatlar.** Öndürijilikli we negatiw alamatlar baradaky düşünjeler psihiatriýanyň binýatlarynyň biridir.

*Öndürijilikli alamatlar* (pozitiw simptomatika, goşmak alamaty) sag adamlarda duş gelmeýän kesel fenomenine – hut kesel zerarly dörän täze ýagdaýa aýdylýar. Öndürijilikli simptomatika paranoid we gallýusinasiýalar, garaguşagyra meňzeş paroksizmler, psihomotor göçgünlilik, ýüregedüşgünç oý-pikirler, depressiýadaky agyr tukatlyk mysal bolup biler. Negatiw simptomatika – psihiki alamatlaryň peselmegi (defekt, minus alamat) diýlip, bedeniň tebigy funksiýalaryna keseliň zyýanly täsiri ýetip, haýsydyr bir ukybyň ýitirilmegine aýdylýar. Negatiw simptomatika huşuň ýitmegi (amneziýa), akylyň peselmegi (kemakyllyk) ýaly ýagdaýlar mysal bolup biler.

*Negatiw alamatlar*, adatça, düzelmeýän, dikeldilmeýän ýitgidir. Ol keseliň juda uzaga çekýändigine hem-de psihikanyň çuňňur bozulandygyna şaýatlyk edýär. Negatiw simptomatika gönümel degişliligi-mahsuslygy bilen häsiýetlenip şizofreniýa, garaguşagyra, atrofiki proseslere keseliň kesgidi goýlanda uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Öndürijilikli simptomatika diýseň üýtgeýjidir (dinamikidir). Kesel beterlände ol birden uçursyz güýçlenýär, dogry bejerginiň geçirilmegi netijesinde bolsa öz-özi aýrylyp gidýär. Psihiatriýada ulanylýan psihotrop serişdeleriň aglabasy hut öndürijilikli alamatlaryň bejerilmegine gönükdirilendir. Adatça, onuň mahsuslygy pes

bolup, keselleriň birnäçe görnüşine täsir edişi meňzeş bolýar. Şol bir wagtda-da alamatlary, öndürijilikli ýa-da negatiw alamat diýip anyk bölüşdirmek hemişe başardyp hem durmaýar. Meselem, şizofreniýanyň soňlaýjy tapgyrlaryndaky kesellileriň güýçli ýaňramaly manysyz toslamalaryna käbir lukmanlar öndürijilikli alamat hökmünde garaýan bolsalar, beýlekileri pikirlenmäniň maksadalaýyk ugrukdyrylmasynyň ýitirilmegine ýetmezçilik (defekt) hökmünde garaýarlar. Alamatlar toplumynyň köpüsinde negatiw hem öndürijilikli alamatlar biri-birleri bilen içgin baglanyşykda bolýar. Meselem, Korsakowyň sindromynda şeýle kesel bilen kesellän näsagyň ömrüniň esli böleginiň durmuşy maglumatlaryny huşundan ýitirip, ýadyndan çykarmagy, tankydy garaýşynyň peselmegi (negatiw alamat), onuň şol döwrüň ýatdan çykarylyp, boşap galan ýerlerini toslamalar bilen doldurmaklaryna getirýär (konfabulýasiýalar – öndürijilikli alamatyň mysaly). Negatiw alamatyň durnuklylygynyň dikeldilip bolunmazlygy lukmanlaryň iş tejribesinde örän uly ähmiýete eýedir. Şeýle bolsa-da, iş ýüzünde käbir negatiw alamatlaryň seýrek hem bolsa bady gaçyp serpigýän, yza gaýdýan ýerleri duş gelýär. Ýatda saklama ukybyny ýitiren ýiti görnüşdäki Korsakow psihozly näsaglarda, hatda şizofreniýaly kesellilerde-de negatiw alamatlaryň serpigip yza gaýdýan ýerleriniň bardygyny bellemek bolar. Şu ýerde, megerem, ýatda saklama ukybynyň ýitirilmegine beýni düzümleriniň zeperlenenligi sebäp bolýar diýlip düşünilmeli däldir. Käbir halatlarda şeýle kemislik diňe wagtlaýyn häsiýete eýedir. Meselem, güýçli psihozlarda näsaglar dogry sanamak, logiki meseleleri çözüp bilmek ukybyny ýitirýärler, ýöne biraz soňra olar ýene dikelip, düzelýär. Şol sebäpli hem negatiw alamatyň çuňňurlygyna hem-de agyrlygyna keseliň möwjän döwri geçenden soňra baha berilmelidir.

**Psihiki bozulmalaryň görkezijileri (registrleri).** Her bir keseliň nähilidir bir aňrybaş gutarnykly derejesi (registri) bolup, megerem, oňa näsagyň ömrüniň dowamynda barlyp ýetilýär. Meselem, newrozlarda kesel hiç haçan newrotik bozulmalaryň çäginden çykmaýar. Maniakal-depressiw psihozda ýaýbaňlanan paranoid alamatlar toplumy we şahsyň gödek özgermesi gabat gelmeýär. Şizofreniýadaky ýetmezçilik (defekt) hiç haçan huşuň ýitirilmegi bilen ýüze çykmaýar. Şol bir wagtda-da psihikanyň gatlak-gatlakly köp basgançakly gurluşy psihiki keselleriň ösüşindäki alamatlardan peýdalanmaga ýardam berýär.

E. Krepelin psihiki bozulmalaryň 3 görkezijisini belleýär:

1. Newrozlara we maniakal-depressiw psihoza laýyk gelýän newrotik we affektiw bozulmalar;
2. Şizofrenikler;
3. Organikler.

Pozitiw hem negatiw alamatlar toplumlarynyň özara baglanyşygyny we nozologiýanyň barlaglaryny geçiren A. W. Snežnewskiý şol meseleleri üstünlikli çözdi. Ol irki pozitiw alamatlar toplumlaryny özbaşdak nozologik keseller bilen

deňeşdirip, şolaryň agyr-ýeňilligine baglylykda seljerişdirip, dokuz derejä böldi. Derejäniň çäklerinde (*1-nji tablisa*), nozologika az ýykgynly, has umumy negatiw sindromlara garaldy. Olar psihiki keselleriň ählisinde-de duş gelip biler.

I – III derejeli sindromlar adaty maniakal-depressiw psihoza;

I – IV derejelileri çylşyrymly maniakal-depressiw psihoza we çet-gyraky saýylýan psihozlara (maniakal-depressiw psihoz bilen şizofreniýanyň aralygyndakylara);

I – V derejelelileri şizofreniýanyň; I – VI derejelileri ekzogen psihozlaryň;

I – VII derejelileri bolsa, ekzogen we organiki psihozlaryň aralygyndaky psihozlaryň geçişine mahsusdyr.

I – VIII derejeliler garaguşagyrynyň; I – IX derejeliler bolsa, beýniniň gödeňsi organiki patologiýaly psihiki kesselleriniň sindromal ýagdaýyna ýakyndyr. Negatiw bozulmalar deňeşdirilip alnanda (*2-nji tablisa*) keseliň agyrlaşmagynyň ýörelgesinden peýdalanýarlar. *Meselem, II derejä seýregräk, III aňrybaşy derejä maniakal-depressiw psihozda; VII derejä şizofreniýada; VIII derejä ekzogen psihiki kesellerinde we garaguşagyryda; X derejä beýniniň gödeňsi organiki zeperlenmelerinde duş gelinýär.*

*1-nji tablisa*

**Öndürijilikli bozulmalar boýunça A. W. Snežnewskiniň derejeleri**

| | | |
|---|---|---|
| IX | Psihoorganiki | – samsyklaç şadyýanlyk |
| VIII | Sudoroglar | – paroksizmal bozulmalar, sudorogly tutgaýlar hem-de sudorogsyz tutgaýlar |
| VII | Paramneziýa | – konfabulýasiýalar, psewdoreminissensiýalar, kriptomneziýalar |
| VI | Aň bulaşmasy (deliriy, amensiýa, alagaraňkylykdaky ýaly aň daralmasy) | – deliriý, samrama, alagaraňkylykdaky ýaly aň daralmasy |
| V | Katatonik, parafren, gallýusinator-paranoid | – lýusid, oneýroid katatoniýalary; psihiki awtomatizm sindromy (Kandinskiý – Klerambonyň sindromy) |
| IV | Paranoýal, werbal gallýusinozy | – ulgamlaşdyrylan we ulgamlaşdyrylmadyk paranoid |
| III | Newrotik (ýüregedüşgünç, isterik, depersonalizasion) | – obsessiw fobik we senestopato-ipohondrik sindromlar, kakyn konwersiýasy, ýokary gymmatly ideýalar |
| II | Affektiwler, depressiwler, maniakallar | – keýpiň durnukly peselmegi ýa-da ýokarlanmagy |
| I | Emosional-giperestetik bozulmalar | – giperesteziýanyň astenik sindromyň alamaty hökmünde ýüze çykmagy |

*2-nji tablisa*

**Negatiw bozulmalar boýunça A. W. Snežnewskiniň derejeleri**

| | | |
|---|---|---|
| X | Akylyň doly ýitirilmegi | – psihikanyň we fiziologik ýagdaýyň dargamagy |
| IX | Akyl-paýhasyň ýiteňkirlemegi | – şahsy özeniň dargamagy, tankydy garaýşyň bolmazlygy, ýagdaýa düşünmezlik |
| VIII | Amnestik bozulmalar | – lakunar akyl derejesiniň peselmesi, Korsakowyň sindromynda fiksasion amneziýa |
| VII | Şahsyň derejesiniň yza tesmesi | – şizofrenik kemakyllyk |
| VI | Şahsyň derejesiniň peselmegi | – emosional küteklik |
| V | Energetik gurbuň peselmegi | – apatiko-abulik sindrom |
| IV | Şahsyň özgerip, näsazlanmagy, şeýle-de şizoidleşmek | – autizm (öz pikir dünýäňe batmak) |
| III | Şahsyň obýektiw kesgitlenilýän özgermesi | – durmuşdaky gaýtalanyp durýan zatlaryň özgermesi, ýakynlaryň bilen gatnaşygyň bozulmasy |
| II | «Men»-iň subýektiw özgermesi | – depersonalizasiýa, ýagny şahsyň hakykatdan hem az-kem üýtgänliginiň alamaty |
| I | Psihiki işeňňirligiň tapdan düşmegi | – tapdan düşmekligiň astenik sindromyň alamaty hökmünde ýüze çykmagy |

## 7-nji bap. Duýujylygyň we kabul etmegiň bozulmalary

**Duýuş patologiyasy. Duýuş patologiýasy** – kabul etmäniň bozulmalaryndan öňinçä duýujylyk çägine (sferasyna) degişli bolan has ýönekeý bozulmalaryň, ýagny duýujylygyň patologik gowşamagynyň, güýjemeginiň, ýoýulmagynyň ýa-da ýitirilmeginiň ýüze çykmagydyr. Bu alamatlaryň käbiri diňe bir psihiki kesellere däl-de, eýsem, somatiki kesellere hem degişli bolup biler.

**Psihiki anesteziýa** – bir ýa-da birnäçe analizatorlaryň kadaly anatomo-fiziologiki häsiýetleriniň saklanmagynda bitewilikde duýmazlygydyr: psihiki ambliopiýa (körlük), psihiki anosmiýa (yslary duýmazlyk), psihiki ageýziýa (tagam biliş ukybynyň ýitirilmegi), psihiki kerlik, psihiki tene degiş, ýagny syzyş we agyry anesteziýa (analgeziýa – isteriki newrotik sindromlarda, şeýle hem soporda, komada duş gelýär).

**Gipesteziýa.** Gipesteziýada analizatorlaryň duýujylygynyň gowşaklygy zerarly duýuş nätakyklygy ýüze çykýar. Psihiki işjeňligiň peselmegi bilen bedeniň emosional, hereketlendiriji we assosiatiw reaksiýalary gowşaýar. Gipesteziýa urgy

ýetirilme netijesinde döreýän seňselemelerde, zäherlenmelerde, depressiýalarda we käbir demensiýalarda (akyl ýetmezçiliginde) duş gelýär.

**Giperesteziýa.** Giperesteziýada analizatorlaryň duýujylygy artýar. Islendik bir duýgy näsag üçin uçursyz güýçli duýulýar: ýagtylyk gözüňi gamaşdyryjy güýçli, ses çaslydan gaty, tene degilmek gödeňsiden agyryly duýulýar. Giperesteziýa, adatça, ýokanç kesellerde, zäherlenmelerde, gipertoniýada, aterosklerozda, beýni şikesinden soň ýüze çykýar.

**Senestopatiýalar.** Senestopatiýalar köp halatda ipohondrik we asteno-newrotik ýagdaýdaky kesellilerde bolup, oňa bedeniň içki agzalarynda döreýän ýakymsyz duýgular girýärler. Köplenç, senestopatiýalar beýniniň talamik bölümlerinde bolup geçýän organiki özgerişleriň netijesinde ýüze çykýar. Şeýle-de, onuň funksional bozulmalary netijesinde hem döräp bilýär. Çagalarda senestopatiýa psewdoalgiki (ýalan agyry) görnüşinde ýüze çykýar. Ýetginjeklik ýaşyna ýetenlerde we şol ýaşa ýetmediklerde, köplenç halatda olaryň şizofreniýa kesellilerinde paranoid senestopatiýa has aýdyň ýüze çykýar.

**Sensor senestopatiýalar** newrozlarda we psihozlaryň başlangyç tapgyrlarynda duş gelýär. Näsaglar kellesiniň ýarylyp barýanlygy, kellesiniň biçak gysylýanlygy barada şikaýat edýärler.

**Interpretatiw senestopatiýalar** beden-göwre wisseral gallýusinasiýalaryna we paranoid ýagdaýyna ýakyndyr. Şonda ýakymsyz duýgulary hem-de ezýet beriji agyrylary başdan geçirýän näsaglar ejir çekip, şolara-da ymykly ynam bilen berlip: «Kellämde nämedir bir zat gybyrdaýar, oňurgamdan çykýan tok impulslary kelläme urýar» diýip, bolmajak zatlary aýdyp, öz ýagdaýyny beýan edýärler.

**Paresteziýalar.** Paresteziýalar diýip, endamyň ýüzündäki duýgy innerwasiýasynyň zolagynda, ýöne daşarky gyjyndyryjynyň täsir ýetirmezliginde dürli görnüşdäki (agyrylar, dürtülip sanjylýan, ot basylýan, sowadýan, damarlaryň bükgüldeýän, dartylyp gysylýan we ş.m.) duýgularyň döremegine aýdylýar. Paresteziýalar çet-gyraky (newritler, gan aýlanyşynyň ýerli bozulmalary) bozulmalar ýa-da bil oňurga hem beýni derejesindäki merkezi sebäpler arkaly şertlendirilip bilner. Psihiki kesellerde olar tutuşlaýyn we bölekleýin häsiýete eýedir. Şularyň soňkusynda, aýratyn hem şizofreniýada, paresteziýalar jyns agzalarynyň ýa-da kelle derisiniň sebitlerinde ornaşýarlar. Paresteziýalaryň döremegi, adatça, beýniniň arka tarapky merkezi egreminiň sebitlerinde bolup geçýän organiki özgermeler ýa-da afferent nerw sütünleri, deri reseptorlary bilen baglanyşykly bolýar.

**Kabul etmegiň patologiýasy.** Kabul etmegiň patologiýasy psihiki keselleriň islendiginde döräp, haýsydyr bir derejä eýe bolup ýüze çykýar we şertlendirilen ýagdaýlarda duýgularyň ýoýulmalaryna – illýuziýalara, gallýusinasiýalara, psihosensor bozulmalara we agnoziyalara bölünýär.

**Illýuziýalar.** Illýuziýa diýlip, hakykatda bar bolan zatlaryň ýa-da hadysalaryň kabul edilişiniň ýoýulmagyna aýdylýar. Geçip barýanyň aýdan adaty sözüniň

näsagyň gulagyna özüne gönükdirilen teýeneli ýokuş söz, ýaňsylama ýaly bolup eşidilmegi, poluň üstünde üýşüp ýatan geýim-gejimiň güýlünip ýatan jeset ýaly bolup gözüne görünmegi illýuziýaly kesellä mahsus häsiýetdir. Çagalarda şeýle ýagdaý diňe bir patologiýada däl, eýsem, kadaly ýagdaýda-da ulularyňka garanyňda, has ýygy duş gelýär. Illýuziýalaryň döremegine sensor depriwasiýalar we emosional dartgynlyklar ýardam edýärler. Illýuziýalary fiziki, fiziologik we patologik görnüşlere bölýärler.

**Fiziki illýuziýalar.** Olardan has göze ilgiçleri optiki (görüş) illýuziýalardyr. Optiki illýuziýalar dürli dykyzlykdaky gurşawlarda ýagtylyk dessesiniň döwülmesi arkaly döreýär. Optiki illýuziýalaryň görnüşleriniň biri bize mälim bolan optiki fenomen-salgymdyr (miraž). Salgymda tebigatda hakykatdan bar bolan zat duýgy agzalarynyň üsti arkaly kabul edilýär. Şonda diňe olar bilen aralykdaky uzaklyk we olaryň möçberi nädogry kesgitlenilýär. Fiziki illýuziýalaryň aýratynlygy, psihiki ýagdaýyna garamazdan, salgymy synlaýanlaryň ählisiniň ony birmeňzeş görnüşde kabul etmeklerinden ybaratdyr.

**Fiziologik illýuziýalar.** Fiziologik illýuziýalara psihiki taýdan sagdyn adamlarda döreýän illýuziýalar degişlidir. Kabul edişiň görnüşlerine laýyklykda fiziologik illýuziýalary görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş we tene degiş görnüşlerine bölmek bolar. Ýöne sag adamlarda illýuzor kabul ediş diňe şoňa mahsus bolan şertleriň barlygynda döräp biler. Ilkinji nobatda olara emosional sferadaky bozulmalar degişlidir. Kalbyňy gaplap alýan güýçli ruhy tolgunma, gahar-gazap, dartgynly ýagdaýda garaşmak ýaly ýagdaýlar illýuziýanyň döremegine ýardam berýär. Şeýle ýagdaýlarda illýuziýalar öz manysy boýunça adamyň gaty isleýän zadyny eşidesiniň, göresiniň gelýänligini ýa-da asla islemeýän zadyny eşidesiniň, göresiniň gelmeýänligini şöhlelendirýär. Şunda şol pursatda agdyklyk edýän hyýala getirme durmuş tejribesiniň şahsy aýratynlyklary bilen utgaşykly şöhlelenýär. Obýektiw päsgelçilikler (goh-galmagal, ýagtylygyň körekligi), şeýle-de gözüň şowalygy, gulagyň agyrlygy bilen şertlendirilen duýuş kabul edişiniň aýdyň däldigi möhüm ähmiýete eýedir. Gulagy agyrlarda eşidiş illýuziýasynyň çalt döräp, käbir halatlarda ýaman garaýyş ideýalarynyň ýüze çykmagyna getirýänligi hem şuňa mysal bolup biler. Hakyky bar bolan gyjyndyryjylaryň güýjüniň ýeterlik däldigi, kabul ediş pursadynda ünsüň bir ýere jemlenmeginiň gowşaklygy, argynlyk, täsir edişiň gysga möhletleýinligi ýaly ýagdaýlar illýuziýanyň döremegine ýardam edip biler.

Käbir adamlar, adatça, suratkeşler, hyýaly illýuzor kabul edişli görüşe dogabitdi ukyply bolýar. Olar heňiň tegmillerinde, diwaryň yşlarynda, süýşüp barýan bulutlarda we Günüň ýylpyldysynda, agajyň şahalarynda hem köklerinde birgeňsi üýtgeşik bolan peýzažlary (tebigatyň bölegini), haýwanlaryň şekillerini, galalardyr köşkleriň sudurlaryny, üýtgeşik täsin şekilleri görýärler. *Pareýdoliýa* diýlip atlandyrylýan kabul edişiň şeýle görnüşli ýoýulmagyna tolgunma ýa-da ýaramaz ýagtylandyryş täsir etmän, şunda özboluşly arzuw-hyýala batmanyň, hut şol pur-

satda durmuş aladalaryndan üzül-kesil ünsüňi sowmanyň täsir ýetirýändigini bellemek gerek.

Psihiki bozulmalaryň islendiginde haýsy-da bolsa belli bir derejede döreýän kabul edişiň patologiýasy şertli görnüşde duýgularyň patologiýasyna, illýuziýalara, gallýusinasiýalara, psihosensor bozulmalara bölünýär.

**Patologik illýuziýalar.** Patologik illýuziýalar psihiki näsaglarda döreýän illýuziýalardyr. Psihozlaryň bir toparynda biz emosiýanyň görnetin bozulmalaryny, ýagny delillendirilmedik howsalany, haýýadyňy göçürýän gorkyny, keýpiň patologik göterilmesini ýa-da belli bir sebäpsiz döreýän agyr tukatlygy görýäris. Käbir psihozlara mahsus bolan şular ýaly hakykata laýyk gelmeýän emosiýalar, ýagny işjeň ünsüň gowşaklygy, ünsüň belli bir zada gönükdirilmesiniň bozulyp gapdala sowulmagy, gipermneziýa we beýni gatlagynyň merkezleriniň göçgünlige, işjeň ýagdaýa gelip bilmek derejesiniň peselmegi köpsanly illýuzor kabul edişiň döremegine getirýär. Has ir döreýän alamatlaryň arasynda peýda bolýan delirioz ýagdaýdaky illýuziýalar oňa aýratyn-da häsiýetlidir. Fiziologik görnüşden tapawutlylykda näsagyň kesellemezinden ozal, şonda ýüze çykmadyk hem bolsa, oneýroidiň döräp beterlemesiniň öňüsyrasynda patologik görüş pareýdoliýalaryň peýda bolmagy häsiýetlidir.

Paranoid dartgynly ýagdaýdaky näsaglarda, aýratyn hem arakhorlaryň gabanjaňlykly paranoidinde eşidiş illýuziýalary has hem ýygy duş gelýär: näsag özüne nätanyş bolan adamlar bilen aýalynyň söhbetdeşligini ýaşyrynlykda diňläp, şolaryň gep-gürrüňinde özüniň çen edýän biwepalygyny tassyklaýjak sözleri eşitmekden çekinip howatyrlanýar, ýöne şolaryň çala eşidilýän düşnüksiz gümürtik gürrüňlerinde şony eşidýär. Maniakal näsaglarda işjeň ünsüň durnuksyzlygy zerarly ýalňyş görnüşli görüş illýuziýalaryň peýda bolmagy hem duş gelýän hadysadyr. Şeýle ýagdaý garrylyk psihotiki ýagdaýly näsaglarda hem duşýar.

Illýuziýalary affektiw, werbal, pareýdoliki görnüslere bölýärler.

**Affektiw illýuziýalar,** adatça, keýpiň görnetin üýtgäp durmagynda, umumy affektiw fonunda ýa-da çalt kemala gelýän güýçli gorky we howsala affektleriniň döremeginde ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlarda barlag geçirýän lukmanyň elindäki iş serişdesi – newropatologyň çekiçjagazy näsagyň gözüne özüne gezelen sapança, lukmanyň elindäki stetoskop bolsa ýylan ýaly bolup görünýär.

**Werbal illýuziýalar** näsagyň daş-töweregindäki adamlaryň edýän gürrüňleriniň netijesinde döreýär. Düýbünden nätanyş adamlaryň mesaýy gürrüňlerinde ol öz adyna gönükdirilen «kemsidiji ýokuş sözleri, howp atylmalary, özünden ar alynjakdygy...» baradaky gürrünleri eşitmegi ony ynjalykdan gaçyryp, gorky we howsala emosiýalaryna gaplanmagyna getirýär.

**Pareýdolik illýuziýalar,** köplenç halatda güýçli psihotiki ýagdaýyň inisial tapgyrynda aňyň ýoýulmagy netijesinde döreýär. Şeýle ýagdaýdaky keselliler gyş paslynda penjiräniň aýnasyndaky doňaklygyň çeken keşdelerinde tebigatyň

nepis suratlaryny, adaty bolmadyk öwüşginli reňkleri, gözüniň öňünde agdarylyp-düňderilip duran deňiz tolkunlaryny görýärler. Çagalarda şeýle ýagdaý toksiko-infeksion psihozda ýygy duş gelýär.

**Gallýusinasiýalar.** Ýok zatlaryň göze görünmesine, gulaga eşidilmesine… ýa-da obýektsiz kabul etmeklige gallýusinasiýa diýilýär (Morel). Gallýusinasiýalar hemişe diýen ýaly psihiki keseliň alamaty bolup durýarlar. Illýuziýalar ýaly gallýusinasiýalar hem duýgy agzalary esasynda, ýagny analizatorlar boýunça belli-belli görnüşlere: görüşe, eşidişe, syzyşa, tene degişe, ys alşa, tagam duýşa, westibulýara, hereketlenişe, interoseptiwlere bölünýär. Gallýusinasiýalar bir ýa-da birnäçe analizatoryň çäklerinde-de bolup biler. Meselem, alkogol deliriýsinde näsag diňe bir aýagyna dyrmaşýan arwahjygyň özüni görmän, şonuň awundyryp dyrnaçaklaýşyny duýup, sesini hem eşidýär.

Düzümine görä gallýusinasiýalar ýönekeýlere we çylşyrymlylara bölünýärler. Birinjilere akoazmlar (goh, takyrdy, pyşyrdy) we fotopsiýalar (uçgun, şöhläniň ýalpyldysy, reňkli zolaklar) girýär. Çylşyrymly görüş gallýusinasiýalary sahna görnüşli häsiýetde bolup hem, panoramany ýatladyp hem bilerler (panoramiki gallýusinasiýalar).

Sözleýiş häsiýetli eşidiş gallýusinasiýalary werbal diýlip atlandyrylýar. Şeýle-de hakyky we ýalan (psewdogallýusinasiýa) gallýusinasiýalar tapawutlandyrylýar.

**Hakyky gallýusinasiýalarda** göze görünme, gulaga eşidilme… bolup biläýjek ýerde görünýär ýa-da eşidilýär. Meselem, näsag krowadynyň töwereginde tegelenişip duran merhumlary görýär, diwaryň aňyrsyndan gelýän sesleri eşidýär we ş.m.

**Psewdogallýusinasiýalarda** göze görünme, gulaga eşidilme … bolmajak ýerden çykýar. Sesler näsagyň öz kellesinden, bokurdagyndan, garnyndan çykýar, görüş şekilleri bolsa «içki göreji» arkaly kabul edilýär. Ys alyş, tagam duýuş we somatogen gallýusinasiýalaryny hakyky we psewdogallýusinasiýalara bölmek aýratyn kynçylyk döredýär. Şeýle ýagdaýlarda gallýusinasiýalaryň bolup biljek ýa-da bolup bilmejek zatlardygyny kesgitlemek gerek.

Gallýusinasiýanyň käbir düşünjeleri şolaryň ýüze çykyşynyň şertlerini göz öňünde tutýar. Adam ýaňy irkilende döreýän gallýusinasiýalar gipnogogik, ukudan oýanylanda döreýänler bolsa gipnopompik diýlip atlandyrylýar. Kalbaumyň reflektor gallýusinasiýalar diýilýän adalgasy bir analizator gyjyndyrylanda beýleki bir analizatorda gallýusinator kabul edişi döredýän ýagdaýy nygtaýar. Meselem, märekäniň goh-galmagaly ýa-da gapdalyndan geçip barýan ulaglaryň zenzelesi (eşidiş apparatynyň gyjyndyrylmasy) näsagda şol bada fotopsiýa ýaly ýa-da has çylşyrymly – ýylanlaryň, haýwanlaryň şekillerini görmek (zoopsiýalar) ýaly ýönekeý duýgy aldanmalarynyň peýda bolmagyna getirýär.

**Funksional gallýusinasiýalarda** gyjyndyryjy, gallýusinasiýanyň döreýän sebitlerindäki şol bir analizatora täsir edýär. Meselem, wentilýator işläp başlanynda

näsag sesleri eşidip başlaýar. Şunda kabul edişiň ikisi hem näsag üçin hakykydyr-aýdyňdyr. Eger-de wentilýator öçürilse, gallýusinasiýalar hem gaýyp bolýarlar. Funksional gallýusinasiýalar hakyky gallýusinasiýalaryň yza serpikdirilip ýok edilmesidir ýa-da şolaryň döremeginiň öňüsyrasyndaky tapgyrydyr diýlip hasaplanylýar. Funksional, şeýle-de reflektor gallýusinasiýalar aglaba toksikoinfeksion hem-de somatogen psihozlara häsiýetlidir.

**Psihogen we ynanma esasynda döreýän gallýusinasiýalar,** köplenç halatda, özüni ile göz edip görkezmäge ýykgyn edýän, ynanjaň häsiýetli adamlarda döräp, kakynly psihiki bozulmalarda has aýdyň ýüze çykýar. Olar psihiki şikeslenmäniň yzysüre peýda bolup, psihiki şikeslenmäni şöhlelendirýär (ýalňyz çagasyny ýitiren ene, bagryna basan gurjagyny üwreýän ýaly yralap hüwdüleýär).

**«Ekstrakampin» gallýusinasiýasynda** (E. Bleýler) görüş gallýusinatory kabul ediliş görüş meýdançasynyň çäklerinden daşarda ýerleşýär. Meselem, näsag ýeňsesinde bolup geçýän hadysalary «görýär», autowisseroskopiki gallýusinasiýalarda bolsa näsaglar özleriniň içki hususy synalaryny – aşgazanyny, içegelerini, bagryny, beýnisini, öýkenlerini görýärler.

**Werbal gallýusinasiýalar** mazmunyna görä kommentirleýji we imperatiw gallýusinasiýalara bölünýärler. Kommentirleýji gallýusinasiýada ýalan sesler näsagyň her ädimini, elini hereketlendirişini, seredişini, edim-gylymlaryny ara alyp maslahatlaşýar. Köplenç, ol ýaňsylaýjy, ýazgaryjy häsiýetde bolup geçýär. Näsag olar bilen jedele girýär. Kähalatlarda şol sesler bir bolman iki bolup, özara jedelleşýärler-de, şolaryň biri näsagyň tarapyny çalýar, beýlekisi bolsa ony näletleýär, ýamanlaýar.

Imperatiw gallýusinasiýalarda, aýdylýan ýene-de bir aýratyn sesler buýruk beriji äheňde bolup, olara näsagyň tankydy garaýşy bolmaýar. Näsag şol sesleriň aýdýan zatlaryna, köplenç, köre-körlük bilen ynanyp, oňa boýun bolýar. Bu bolsa, kähalatlarda düzedip bolmajak agyr ýagdaýlara, ýagny adam öldürmeklige, näsagyň öz janyna kast etmegine, nämedir bir zatlary otlamagyna getirýär.

Näsagyň erki elinden alynýan ýagdaýly awtomatiki sözleme hereketli Segliň gallýusinasiýalary psihiki awtomatizm (Kandinskiý-Klerambonyň) sindromynyň düzümine girýär.

**Stereognostiki gallýusinasiýalarda** näsagda aslynda ýok bolan nämedir bir zady – awtoruçkany, teňňäni, almany we ş.m. zatlary elinde saklaýan ýaly aldawçy duýgy döräp, şonuň hakykatdan hem şeýledigine ygtybarly ynamy bolýar. Stereognostik gallýusinasiýalar diňe aň ýoýulmasy bilen häsiýetlenýän sindromlarda, aýratyn hem deliriýlilerde döreýär.

Gallýusinasiýalaryň görnüşini kesgitlemek psihiki keseliň getiräýjek soňky netijesini anyklamak üçin hem diýseň möhümdir. Meselem, görüş gallýusinasiýalarynyň psihozlaryň oňaýly hem gysga möhletleýin geçýän görnüşlerinde duşýanlygy mälimdir. Eşidiş, has beteri hem ys alyş, tene degiş we syzyş gallýusinasiýalarynyň

getirýän netijeleri ýaramaz bolup, psihozlary uzaga çekdirip, soňundan bolsa kemislige (defekte), ýagny hiç zada parhsyz bolan derejä alyp barýar. Ýöne gallýusinasiýalaryň eşidiş görnüşleriniň çäklerinde-de hakyky werbal eşidiş aldanmalary werbal psewdogallýusinasiýalara garanyňda oňaýly häsiýete eýedir. Werbal psewdogallýusinasiýalary uzaga çekip köneleşen, oňaýsyz geçýän şizofreniýa häsiýetlidir. Olaryň alkogol gallýusinozynda peýda bolmagy bolsa, şunuň uzaga çekip köneleşýän görnüşine geçýändigine şaýatlyk edýär.

Örän seýrek ýagdaýlarda gallýusinasiýalar psihiki taýdan doly, sagat adamlarda, hiç hili psihiki bozulmalaryň bolmadyk ýagdaýynda hem bölünen aýratyn alamat hökmünde duş gelip biler. Bu ýagdaý görüşi we eşidişi peselen adamlarda ýüze çykyp, Şarl Bonneniň gallýusinasiýalary diýlip atlandyrylýar.

**Gallýusinoz alamatlar toplumy (sindromy).** Gallýusinasiýalaryň haýsy-da bolsa bir görnüşi psihozyň geçişinde esasy orny eýeläp, paranoid, emosional dartgynlyk, göçgünlilik ýaly gaýry psihiki bozulmalaryň düýbünden bolmadyk ýa-da çala bildirip, ýüze çykyp ugran mahaly gallýusinozyň alamatlar toplumy peýda bolýar. Gallýusinozlaryň *görüş, werbal* we *tene degiş* ýaly görnüşleri bardyr.

***Görüş gallýusinozynyň alamatlar toplumy*** aňyň durulygynda giňişlikdäki ornuň nähilidiginiň duýluşynyň ýitirilmän saklanylmagynda bolup geçýär. Başda gallýusinasiýalar görüş meýdanynyň gyrak-çetlerinde peýda bolup, soňra ýuwaş-ýuwaşdan ulalyp has ýaýbaňlanýar. Köphalatda olar panoramiki häsiýete eýe bolýarlar. Olara hereketlilik, açykdan ýitilik, reňkdarlyk mahsus bolýar. Näsaglaryň gözüne topar tutup duran adamlar, haýwan sürüleri, göwresi kiçi ýa-da şekili ýoýlan görnüşdäki üýtgeşik haýwanjagazlar hem görünýär. Gallýusinator kabul edişde näsaglar gorkyny duýmaýarlar, ýöne şonda olaryň adaty bilesigelijiligi artýar. Ol göz öňünde peýda bolýan şekiller bilen gürrüňe girişibermän, şolara peýwagtyna synçy ýaly garap durýar. Hut, şunuň bilen hem ol delirioz keselliden tapawutlanýar.

Ýiti gallýusinasiýalar hemişe aýdyň ýüze çykýan howsalaly (ýa-da gorkuly) affekt bilen, köplenç halatda gallýusinator samramasy, şeýle-de herekete geliş bozulmalary we aljyraňňylyk bilen geçýär. Uzaga çekip köneleşen gallýusinozda şoňa mahsus bolan bozulmalaryň arasynda has köp duşýany – gallýusinoz samramasydyr. Gallýusinozlar, esasan-da, ýiti gallýusinozlar, adatça, agşamlaryna we gijelerine güýjäp başlaýar.

***Pedunkulýar gallýusinoz*** gemorragiýanyň, epidemiki ensefalitiň, barbiturat kislotasynyň preparatlary bilen zäherlenmegiň netijesinde döreýän beýni aýajyklarynyň organiki zeperlenmelerinde ýüze çykýan kesel bolup, ol Lermitt tarapyndan öwrenilip, ýazylyp beýan edilipdi. Şeýle ýagdaýlarda görüş gallýusinozyna mahsus bolan psihiki bozulmalar agşamlaryna, ýagtylygyň öçügsiliginde we uka gidiläýeninde döreýär: näsaglar hemişe birsyhly uky bozulmalaryndan şikaýat edýärler. Psihozlaryň geçiş dowamynda görüş gallýusinoz alamatlar toplumynyň, esasan-da, beýni damar keseli zerarly döreýänleriniň has-da

ýaramazlaşmagy, onuň delirioz alamatlar toplumyna geçmegine-de (transformasiýasyna) getirip biler.

***Werbal gallýusinozynyň alamatlar toplumy.*** Şu alamatlar toplumynyň düýpli, iň esasy alamaty eşidiş werbal, aglaba, hakyky gallýusinasiýalardyr. Olar durnukly bolup, köplenç halatda birmeňzeş görnüşde geçýän häsiýete eýedir. Näsaglar, adatça, özüniň gowy taraplary we ýetmezçilikleri barada özara gürrüňleşýän erkek, aýal we çaga seslerini eşidýärler. Kähalatlarda sesleriň biri näsagy goramaga çalyşýar we şol ses näsaga ýakymly ses bolup eşidilýär. Beýleki biri bolsa, näsagyň kemçilikleri barada durup geçýär, ony günäkärleýär, munuň sesi näsagyň gulagyna ýakymsyzdan gödek hem ýaňsylaýjy, hatda ýigrenji äheňde ýaňlanýar. Şeýle-de, töwerekdäkileriň edim-gylymlary barada hem jikme-jik gürrüň edilýär. Näsag gapma-garşy häsiýete eýe bolan maslahatlary eşidip, kähalatlarda şolara eýerip, öwülende şatlanýar, ýazgarylanda tukatlanýar we heňe gelmeýän hereketleri edip başlaýar. Näsaglaryň aglabasynyň ýagdaýy sussupeslik, biçak göwnüçökgünlik bilen häsiýetlenýär. Has çuňlaşan emosional bozulmalarda, howsala, gorky, emosional dartgynlylyk peýda bolanda gallýusinasiýalar bitaraplygyny ýitirip, imperatiw (buýrujy) äheňe geçýär we öz janyna kast etmäge ýykgyn etmekligi döredýär.

Gallýusinasiýalaryň uzaga çekmegi käbir halatlarda, eşidiş aldanmalarynyň mazmuny bilen içgin baglanyşykly bolan biçak gysga hem-de çürt-kesik samramalaryň gaýtadan peýda bolmagyna getirýär. Ol, adatça, möwjäp beterlemäge ýykgyn etmeýär. Hatda uzak wagtlap dowam edeninde hem bekeşip durnuklaşan ýaly bolup görünmeýär. Hut şol sebäpli hem näsaglar olardan aňsatlyk bilen ýüz öwrüp bilýärler. Werbal gallýusinozynyň giň gerim alyp, şoňa-da ýaýbaňlanyp beterlän samramanyň goşulmagy keseliň geljekki netijesiniň beterleşip, agyrlaşmagyndan habar berýär. Hatda samrama ýaňralyp, daşa çykarylmaýanynda-da, näsaglarda gallýusinasiýalara bolan özboluşly garaýyşdyr gatnaşyk döreýär. Haýsydyr bir düýpli durmuş meselelerini çözmek zerurlygy ýüze çykan mahaly näsag, kiçi dilden bärde tankydy garaýşy bar hem bolsa, eşidilýän sesler bilen «maslahatlaşmagy» kem görmeýär. Näsaglaryň käbiriniň gowşagrak hem bolsa zähmete bolan ukyby saklansa-da, «sesler bilen hyýalynda söhbetdeş bolmak» islegi olaryň ünsüni işden sowýar. Näsagy ýörite arakesmeler etdirip gapdala sowulmaga, şol sesler bilen «gürleşmäge, harçaňlaşyp içini sowadyp, janyna aram tapmaga» mejbur edýär. Gündelik durmuşda şeýle näsaglar biçak ýalta, hapysa öwrülip wagtynyň köpüsini düşekde ýatyp geçirýärler. «Seslere» gaýta-gaýta dykgat bilen diň salyp, eşidýän zatlaryny çintgeläp deňeşdirýärler we özleriçe many çykarýarlar. Näsaglar öz hakyky ýagdaýyny ýaşyrmaga, belli bir sebäpsiz, duýdansyz işden çykmak, delillendirilmedik nika bozmak, uzak ýerlere matlapsyz rowana bolmak ýaly ýagdaýlarynyň üstüni açaýjak geň galdyryjy hereketleriniň sebäplerini gizlemäge çalyşýarlar.

Werbal gallýusinoz alamatlar toplumy köp derejede aýlara, hatda ýyllara çekip, könelişen görnüşde geçýänligi sebäpli, berilýän bejergä gaty bir baş bermeýänligi

(rezistentligi) bilen häsiýetlenýär. Şu alamatlar toplumynyň döremegine getirýän psihozlar organiki häsiýete eýedir. Beýni merezýeli, ýiti we uzaga çekip könelişen alkogol gallýusinozlar, gulak kesellerinden döreýän psihozlar, garrylyk (senil) we beýni damar keselleriniň psihozlary ýokarda aydylanlara mysal bolup biler. Werbal gallýusinozyň doly ýaýbaňlanan derejesine ýetmegi birbada bolup geçmeýär: başda gallýusinoz ýönekeý görnüşde bolup, guşlaryň jürküldisidir aýdym-saz sesleri eşidilýär, soňra gallýusinasiýalaryň güýjemesi peselip, şolaryň kesilmesi bilen çalyşýar. Ýöne haçan-da näsag deliriýden çykaýan mahaly werbal gallýusinoz ýaýbaňlansa, ýa-da şonuň öňüsyrasynda gijeki delirioz ýagdaýy dörese, alamatlar toplumynyň ýiti ýaýbaňlanan, gysga möhletli görnüşe geçmegi mümkindir. Şeýle halatlarda gallýusinasiýalaryň emosiýalara ýugrulmagy ýüze çykýar. Adatça, olar emr ediji (imperatiw) görnüşde bolup, oňa hiç hili tankydy garaýyş bolmaýar. Tiz wagtda yzarlaýjy *paranoidler* hem ýüze çykýar. Emosiýalaryň agdyklyk etmegi bilen kesgitlenýän görüş illýuziýalarynyň peýda bolmagy hem mümkindir. Näsaglaryň özlerini göçgünli hem samsyklaç alyp barmaklary gallýusinasiýalaryň we *paranoidleriň* güýjemegi bilen baglanyşyklydyr.

***Tene degiş (galtaşma) gallýusinoz alamatlar toplumy.*** Şu at bilen seýrek duş gelýän ýagdaý, ýagny aňyň dury bolup, görüş we eşidiş aldanmalarynyň asla ýok bolan halatynda, näsagyň köp sanly tene degiş gallýusinasiýalary başdan geçirýän ýagdaýy beýan edilýär: endamynda mör-möjekleriň, siňekleriň, garynjalaryň, büreleriň gyrmyldaşyp ýörüşlerini, olaryň dişleýişlerini, gijilewük döretmelerini duýýarlar. Näsaglarda «mör-möjekleriň dişläp, etine çümüp, ot basylan ýaly agyrdyp, barha köpelip barýandygy» ýaly pikirler döreýär. Gallýusinator duýgular ýaýbaň (tutuş endamy tutýan), käbir halatlarda çäkli (kellede, jyns agzalarynda) görnüşlerde-de bolup biler. Köplenç halatda olar, adatça bolşy ýaly, çäkli, anyk, kähalatlarda mör-möjekleriň barlygyny dil ujundan belläp geçýän *paranoid* oýlanmalar bilen bile geçýärler. Näsaglaryň özlerini alyp baryşlary düýpgöter özgerýär: olar wagtynyň köpüsini kir ýuwmak, kirli geýimleri gaýnatmak, jaýyň yşlaryny ýelimli kagyz bilen petiklemek, tükeniksiz ýuwunmak, endamyna nebiti, DDT-ni owkalap çalmak ýaly, ýa-da öz-özüni bejermek üçin şolardan hem beter howply zatlary ulanmak bilen meşgullanýarlar. «Ýokanç keselini» başgalara ýokuşdyrmazlyk maksady bilen, näsaglar hatda işden hem çykýarlar, daş çykman uzyn günlerini busup öýde oturýarlar. Olar özlerinde psihiki keseliň bardygyny duýmaýarlar, şol sebäpli-de dertden saplanmak üçin deri kesellerini bejerýän lukmana ýüz tutýarlar. Tene degiş gallýusinozynyň alamatlar toplumyny ilkinji bolup ýazyp beýan etmek şwed deri keseller lukmany Ekbomyň paýyna düşýär. Ol bu gallýusinoza «dermatozoý samramasy» diýip at beripdir. Tene degiş gallýusinozy juda uzaga çekýänligi bilen tapawutlanýar. Ol kähalatlarda onlarça ýyllap dowam edip, bejerilmesi gaty kyn bolýar. Munuň bilen, köplenç halatda garran ýa-da gartaşan aýallar kesellegen bolýar. Kesel, esasan, beýniniň damar ýetmezçilikli organiki keselleri-

ne mahsusdyr. Mundan başga-da, bu kesel dermanlardan (kokain, fenamin) dörän psihozlarda, gipofiziň çişinde, Gentingtonyň horeýasynda, arterial gipertoniýa bilen çylşyrymlaşdyrylan maniakal-depressiw psihozyň depressiw tapgyrynda, käbir halatlarda sirkulýar we ipohondrik şizofreniýada duş gelýär.

***Psewdogallýusinasiýalar.*** Psewdogallýusinasiýalarda-da hakyky duýuş aldanmalarynda bolşy ýaly, aýdyň şekili döredip biläýjek göze dürtülip duran gyjyndyryjy häsiýet bolmaýar. Şu başdan geçirmäniň duýujylykly häsiýeti we onuň ýitiligi diýseň ýygy ýüze çykýar. Şunuň bilen birlikde, psewdogallýusinasiýalarda hakyky gallýusinasiýalardan tapawutlylykda şekilleriň özlerine mahsus bolan daşky örtüginiň ýoklugy sebäpli, olar aňyň özünde «kalpda, kelläniň içinde» başdan geçirilip, näsaglar olara subýektiw hekaýat görnüşinde baha berýärler («içki sesler», «içki göreç bilen görmek» we ş.m.) Gallýusinator şekiliň daşky sudurynyň ýoklugyndan başga-da, hakyky obýektleriň şekilleri bilen deňeşdirileninde psewdogallýusinasiýalaryň aýratyn häsiýete eýedigini göz öňünde tutmak zerurdyr, ýagny olar duýujylygyň janlylygyndan, tebigylygyndan mahrumdyr. Bu bolsa olary hakyky obýektleriň şekilleri bilen deňeşdirip, bir hatarda goýmaga ýol bermeýär. Şol sebäpli hem näsaglar, psewdogallýusinasiýalara hakyky zatlardyr wakalar hökmünde baha bermän, diňe şolaryň sudury diýip düşünýärler. Psewdogallýusinasiýalary görüş şekilleri maddalykdan, duýujylykdan, takyklykdan, reňkdarlykdan mahrumdyr. Eşidiş aldanmalarynyň häsiýetlendirilişi sesiň labzynyň badynyň we ugrukdyrylyşynyň dürlüligi bilen tapawutlandyrylýar. Şunda näsaglar näme görüp, näme eşidýändiklerini aňýarlar, ýöne bu adaty ýagdaýda däl-de, ruhy taýdan bolup geçýär. Hut şular hem psewdogallýusinasiýalary hakyky gallýusinasiýalardan tapawutlandyrýan möhüm alamatdyr, çünki hakyky gallýusinasiýalarda duýujylyk bilen görlüp, başdan geçirilýän şekiller hakyky zatlar bilen meňzeş edilendir.

Psewdogallýusinasiýalaryň möhüm alamatlarynyň biri näsagyň öz ýanyndan pikir edişi ýaly başdan geçirilýän şekilleriň öz pikirine ýat bolanlygy sebäpli, keseki bir güýjüň zory bilen kellesine salynýan ýaly bolup duýulmagydyr. Psewdogallýusinasiýaly näsagyň oý-pikirine mahsus bolan şeýle keseki duýulmak häsiýetini B. H. Kandinskiý aýratyn nygtapdyr (1890). Psewdogallýusinasiýalaryň şeýle başdan geçirilmeleri, näsaglarda özlerine täsir ýetirilip, tehniki gurallaryň (lazerleriň, radarlaryň, radiopriýomnikleriň) ýa-da telepatiýanyň, gipnozyň, jadylamanyň we ş.m. kömegi bilen şekiller ýörite döredilýär ýa-da kellesine (aňyna) zoraýakdan guýulýar diýen pikir-düşünjäniň döremegine getirýär.

Hakyky gallýusinasiýalar ýaly, psewdogallýusinasiýalar hem, adatça, özüne mahsus bolan analizatora baglylykda görüşe, eşidişe, hereketlenişe we başgalara bölünýär. Görüş *psewdogallýusinasiýalar* zoraýakdan döredilýänligi, gallýusinator şekilleriň şahsy degişli däl ýalylygy bilen häsiýetlenip, näsaglar ony ýasama hasap edýärler. Kellesiniň içiniň niresindedir bir ýerinde dürli görnüşli, kähalatlarda täsin galdyryjy, birgeňsi «içki göreji» bilen görmäni başdan geçirýän näsag, bu görmä-

ni «ýasaýarlar», «gurnaýarlar» diýip aç-açan yglan edýär. Bulara hususy süňňüniň içki agzalaryny (beýnisini, ýüregini, öýkenlerini, bagryny) görüp kabul etmek, şolaryň reňkini, dykyzlygyny we gurluşyny synlap beýan etmek ýaly wisserosko-pik psewdogallýusinasiýalar diýlip atlandyrylýan görnüsleri hem örän häsiýetli-dir. Eşidiş psewdogallýusinasiýalary hem ýasalan, näsagyň öz erkine däldiginiň duýulmasy bilen geçip, kellesiniň içinde şöhlelenýär ýa-da aslyýetinde ýok bolan subýektiw giňişlikde bolýan ýaly görnüşde başdan geçirilýär. Näsaglar «içki sesle-ri», «oý-pikir edýän sesleri», «kalbyndaky sesleri» we ş.m. eşidýärler. Sesler ýeke bolup hem, köpsanly bolup hem, mazmuny babatda aýry-aýry manyly: düşündiriji, ýazgaryjy, haýbat atyp, howp salyjy we buýruk beriji (imperatiw) bolup hem biler.

Herekete geliş, kinestetiki psewdogallýusinasiýalarda näsaglar edýän hereketleriniň öz erkli däldigini, gapdaldan täsir edýän haýsydyr bir del güýç herekete getirýän ýaly duýýar. Şu ýagdaýy näsaglar şeýle bir ýiti hem aýdyň duýýar welin, özlerini ýörite gural arkaly herekete getirilýän awtomat ýa-da ro-botdyr öýdýärler. Kinestetiki psewdogallýusinasiýalaryň möhüm görnüşleriniň biri hökmünde sözleme hereketli psewdogallýusinasiýa ýüze çykyp, şonda näsag dilini, dodaklaryny öz erki bilen däl-de, başga biriniň güýji, täsiri arkaly herekete getirip sözledilýän, tutuş jümleleri aýtdyrylýan ýaly duýgulary başdan geçirýär. Ys alyş, tagam duýuş, tene degiş we wisseral psewdogallýusinasiýalar has seýrek duşýan görnüşlerdir. Şeýle halatlarda näsaglar, köplenç, ýürek bulanyjy yslary, agzynda ýaramaz tagamlary, apparatlaryň täsiri bilen endamynda ýa-da göwresiniň içinde nähilidir bir özi üçin del zatlaryň, janly-jandarlaryň peýda bolýanlygyny başdan geçirýärler. Psewdogallýusinasiýaly näsaglaryň özlerini alyp baryşlary başyndaky ahwalatlaryň mazmunyna bap gelýär. Olar gaçyp halas bolmakçy hem, hyýalyna gelýän aňtaýjylarynyň üstüne topulmakçy hem bolmaýarlar, çünki şol zatlaryň diňe näsag üçin ýörite gurnalandygy sebäpli, töwerekdäkileriň şeýle şekilleri kabul edip bilmejekdiklerine ygtybarly ynamlary bolýar. Hakyky bar bolan adaty zatlardan we wakalardan tapawutlanýandygyna garamazdan, olary obýektiw görnüşde ka-bul edýändikleri sebäpli, näsaglar psewdogallýusinasiýalara tankydy garaýyş bilen çemeleşip bilmeýärler.

Psewdogallýusinasiýalar Kandinskiý-Klerambonyň psihiki awtomatizm ala-matlar toplumyny düzüjileriň möhüm bölegidir.

Gallýusinasiýalaryň üstüni açmak, adatça, kynçylyk döretmeýär, çünki psi-hotiki ýagdaýdaky näsag özüne ähmiýetli bolan başdan geçirmeleri lukmandan ýaşyryp bilmeýär. Bejergiden soň, şeýle-de keseliniň ýagdaýy aramlyrak näsag-larda ýuwaş-ýuwaşdan gallýusi-nasiýalara bolan tankydy garaýyş kemala gelýär. Özüniň başdan geçirmeleriniň adaty däldigine gözi ýetýän näsag, özüni ynjalyk-dan gaçyrýan gallýusinasiýalaryň dowam edýänligini ýaşyrýar. Oňa *dissimulýa-siýa* diýilýär. Ýöne şeýle-de bolsa, näsagyň özüni alyp barşy, edim-gylymlary gallýusinasiýalaryň bardygyny lukmana habar berýär. Meselem, eşidiş gallýu-

sinasiýaly adam edilip oturylan söhbetdeşlikden häli-şindi ünsüni sowup, birden dymýar oturyberýär, diňşirgenýär. Ol öz içki pikirlerine batyp, otagyň içinde iki-ýana gezmeläp ýörşüne daşarky sesleriň içki sesleri basmazlygy üçin barmaklary bilen gulaklaryny dykýar.

Psihiki tarapdan sag adam käbir ýagdaýlardan sypmak üçin bahana edinip, özüni psihiki keselli edip görkezjek bolýar. Oňa *simulýasiýa* diýilýär. Çalaja keselli adamyň öz keseliniň alamatyny ulaldyp aýtmagyna *agrowasiýa* diýilýär. Bu ýagdaý isteriýada duşýar.

Gallýusinasiýalaryň döremegine bolan taýýarlygy aýry-aýry alamatlara esaslanyp bilmek bolar (meselem, alkogol psihozynyň debýutynda, ýagny ilkinji döreýşinde), eger-de lukmanda psihozyň ýiti başlanmagyna şübhe dörese, gallýusinasiýalar hem ýok bolsa, onda näsagy gorjalap, şolary döredip hem bolar. Meselem, ýumlan gabaklaryň üstünden göz almasyny basyp, näsaga batly ýüzlenip, pylan zady görýärmiň diýip sorasaň, ol «hawa» diýip jogap berýär (Lippmanyň alamaty).

Mümkin bolan mysalyň ýene biri, näsaga umumy tordan sepleşigi aýrylan telefondan jaň etmegini soramakdyr. Şonda näsag öçürilen telefon arkaly hyýalyna getiren söhbetdeşi bilen gürleşýär (Aşafenburgyň alamaty). Şeýle-de, näsaga arassa kagyzy görkezip, onuň ýüzünde näme ýazylandygyny okap bermegi haýyş etseň, ol şol kagyzyň ýüzünde hat setirlerini görüp, okap başlaýar (Reýhardtyň alamaty).

Psihologik ynam döretmek arkaly sag adamlarda-da gallýusinasiýalary döredip bolýar we oňa *gipnoz* diýilýär.

**Psihosensor bozulmalar (Sensor sinteziň bozulmalary).** Kabul ediş aldanmalary bilen bir hatarda, zatlaryň tanalmagynyň özgermän geçýän bozulmalary hem duş gelýär. Emma olarda zatlaryň möçberi, şekili, reňki, giňişlikdäki duruş, orun alyş ýagdaýy, gözýetime degişli gyşaryş burçy, agramy ýaly häsiýetleri kadaly däl görnüşde duýulýar. Şeýle ýagdaýlar psihosensor bozulmalary ýa-da sensor sinteziniň bozulmalary diýlip atlandyrylýar. Daş-töwerekdäki ähli zatlaryň reňkleriniň (gyzyl, sary), möçberleriniň (ulalmasy-kiçelmesi), şekilleriniň, üstüniň, ýagny ýüzüniň (gyşyk-çaýşyk, ýylmanak, tekiz däl) özgermesi, goşalanyp görünmesi, olaryň durnuksyzlygynyň, ýykylmagynyň duýulmagy muňa mysal bolup biler.

Psihosensor bozulmalar aň bozulmalarynda, ýagny deliriýlerde, aýratyn-da, ýokanç keseller sebäpli dörän aň bulaşyklygynda döreýär. Şeýle-de, organiki hem endogen psihozlarda, meselem, beýni şikesinden soňky psihozlarda, epidemiki ensefalitde, infeksion, intoksikasion, pellagroz psihozlarda, şizofreniýada, MDP-niň depressiw tapgyrynda, garaguşagyry (garaguşagyrynyň psihosensor ýoýulmasy), dietilamid lizergin kislotasyny, meskalini kabul eden adamlarda, beden zäherlenmelerinde döreýär.

Psihosensor bozulmalaryň kliniki görnüşleriniň delilleri şu aşakdakylardyr:

**Çak edilýän takmyny wagtyň aňşyrylmagynyň bozulmasy.** Wagty bahalandyrmakda duýşuň ähmiýetini I. M. Seçenow öz döwründe nygtapdy. Wagtyň

aýry-aýry bölekleriniň subýektiw uzaklygy, olary doldurýan başdan geçirmeleriň dürlüligine we häsiýetine, edil şol döwürde bolup geçýän emosional gatnaşygadyr garaýşa bagly bolýar. Ýakymly duýgularyň uzaklygy hemişe-de hakykydan gysga ýaly bolup görünýär. Bikärlikde ýa-da garaşmakda, galdyrylýan täsirleriň kemterliginde hem-de birmeňzeşliginde wagt subýektiw haýal geçýär. Wagtyň şunuň ýaly haýal geçmesini alynýan täsirleriň ýitiligini hem doýgunlygyny peseldýän emosional bozulmaly: dürli sebäpleriň döredýän depressiw hem depressiw samramaly alamatlar toplumy bolan näsaglar, oneýroid alamatlar toplumynyň depressiw görnüşlisi, gipopatiýa alamatlar toplumy bolan näsaglar hem duýýarlar. Steniki emosiýalar bilen geçýän psihiki ýagdaýlar, tersine, duýlup geçirilýän wagty subýektiw tizleşdirýär. Meselem, maniakal näsaglaryň göwünlerine hamala diýersiň hemişe gün gysga bolup, olaryň günüň dowamyndaky etmeli işlerine ýetişmeýändiklerine sebäp bolýan ýaly duýulýar. Wagtyň geçişiniň aňşyrylyp bilinmesi dietilamid lizergin kislotasyndan, meskalinden zäherlenmeleriň döredýän psihozlarynda birbada çürt-kesik bozulýar. Şeýle ýagdaýlaryň ählisinde hem ilkinji ýüze çykyp geçýänleri kabul edişiň we emosionallygyň bozulmalarydyr.

Adamyň beýnisinde nähilidir bir aýratyn «wagtyň merkezi» diýilýän zat heniz tapylmandyr. Psihiki funksiýalaryň özara baglanyşykly geçişi bozulanda wagtyň nähilidigini, näçeliginiň bahalandyrylyşy doly suratda bozulýar. Şu ýagdaý aýratyn hem aň bulaşyklyklarynda has aýdyň ýüze çykýar. Wagtyň bahalandyrylyşynyň bozulmasy beýniniň maňlaý böleginde dörän organiki zeperlenmesinde hem bolup biler.

***Göwre durkunyň bozulmasy*** diýlip, beden agzalarynyň haýsy-da bolsa birinden alynýan duýgynyň şol agzanyň aňda deslapky galdyran şöhlelendirilişine bap gelmezligine aýdylýar (R. I. Meýerowiç). Göwre durkunyň bölekleýin (parsial) hem tutuşlaýyn (total) bozulmalary seljerilýär. Bölekleýin (parsial) bozulmalara bedeniň aýry-aýry agzalarynyň ýa-da bölekleriniň şekiliniň, göwrüminiň we agramynyň özgerenligi, käbir agzalaryň ýitip ýok bolanlygy, olaryň adaty orunlaryndan süýşenligi ýa-da ýolnup, göwreden aýrylanlygy baradaky duýgular girýärler. Näsaglarda kellesiniň ulalyp-ulalyp uly çelek ýaly, käwagtlarda bolsa tersine, kiçelip-kiçelip towugyň kellesi ýaly bolandygy baradaky duýgular peýda bolýar. Näsaglaryň käbirleri elleriniň uzalyp ýere ýetenligini ýa-da aýaklarynyň gysgalandygyny nygtaýarlar. Käbir näsaglar bolsa boýnunyň süýnüp-süýnüp, ahyrynda-da kellesiniň göwresinden üzülendigi barada şikaýat edýärler.

Göwre durkunyň tutuşlaýyn (total) bozulmasynda beden bölekleriniň barysy ulalan ýa-da kiçelen, agramyny ýitiren ýa-da has agralan, goşalanan, kähalatlarda düýbünden ýok bolup giden ýaly duýulýar. Bu duýgular, köplenç, nigilistik samramaly ideýalaryň beýleki görnüşleriniň döremegine getirýär.

***Görüş perspektiwasynyň hem-de zatlaryň görnüşiniň we göwrüminiň kabul edilişiniň bozulmalary.*** Görüş perspektiwasynyň kabul edilişi adama dogabitdi

mahsus bolman, ol özüniň töweregini gurşaýan dünýä bilen tanşyp, durmuş tejribesini toplanyndan soňra kemala gelýär.

Görüş perspektiwasynyň ýitirilen ýagdaýynda, näsaglar daş-töwerekdäki zatlary şolara mahsus bolmadyk göwrümde we tekizlikde kabul edip başlaýarlar. Şol zatlar bilen aralykdaky uzaklygy kesgitläp bilmek ukybyny ýitirýärler. Şeýle ýagdaýlaryň käbirinde zatlaryň göwrüminiň kabul edilişiniň ýoýulmasy hem ýüze çykýar: daş-töwerekdäki ähli zatlar ýa-da şolaryň käbiri şeýle bir ulalyp äpet derejä ýetýär welin, şolara özüni deňeýän näsag özüni ejiz we nalajedeýin hasaplap başlaýar (makropsiýa). Meselem, öňünde ýatan çilimiň galyndysy näsagyň gözüne ýogyn naw ýaly görünýär. Ol şonuň üstünden ätläp geçmekçi bolup aýagyny ýokary galdyrýar. Başga bir halatlarda bolsa, näsagyň gözüne zatlar şeýle bir kiçelen ýaly (mikropsiýa) bolup görünýär welin, ol özüni girdenejikleriň ýurduna düşen mähnet adam ýaly duýýar. Näsaglaryň käbiri zatlaryň göwrümini ýoýulan görnüşde kabul etmän, şolaryň bölekleriniň ýerleşişindäki özara baglanyşygy bozulan görnüşde görýär ýa-da şolaryň düzümine girýän käbir bölekleri düýbünden duýmaýar. Töwerekdäki zatlar gyşaran, köçedäki awtoulaglar tekersiz, adamlaryň bir ýa-da iki aýagy hem ýok yaly, ýazylan hatyň harplary gyşyk, hatda dik başaşak ýaly bolup duýulýar. Bozulmalaryň şu görnüşlerine kabul edilişdäki zatlaryň özboluşly goşalanmasyny hem goşmak bolar. Kabul edişiň ýoýulmagynda kähalatda ýapgyt, kese ýaly duýulýar. Bu ýoýulmalaryň görüş meýdanynyň ählisinde bolman, eýsem, onuň diňe bir böleginde bolmagy häsiýetlidir, ýagny görüş tekizliginiň medial (uzaboýunyň ortarasynda) tarapynda, görüş meýdançasynyň merkezinde-metamorfoptiki diýilýän zolakda ýerleşmegi häsiýetlidir. Psihiki synasy sag adamlaryň biri aşgazanynda güýçli zäherlenmäni başdan geçirýär. Irden hem gündiz ol özüni biçak ýaramaz duýup, ögäp gaýtarypdyr. Agşamaralar näsagyň ýagdaýy gowulaşypdyrda, ol teatra gidipdir. Oýun başlaýan badyna ol özi üçin geň galdyran zady – ähli aktýorlary bilen bilelikde tutuş sahnanyň başaşaklygyna düňderilendigini görüpdir. Sahnanyň töweregindäki ložalar bolsa, öňki-öňküligine galypdyr. Bu ýagdaý ony örän gorkuzyp, birnäçe sekunt dowam edipdir. Edil şunuň ýaly ýagdaýa iriňlän uly ýarasyna geksonal beýhuş dermany bilen operasiya geçirilen näsagda-da ýüze çykarylypdyr (W. W. Şostakowiç).

***Giňişlikdäki göwrümleriň özara gatnaşykly ýerleşişiniň kabul edilişiniň bozulmalary*** (optiki bozulmalar). Optiki bozulmalar bu görülýän aýry-aýry zatlaryň şekillerini näsagyň dogry kabul edip, ýöne şolardan özara baglanyşykly bitewi suraty emele getirip bilmezliginden ybaratdyr. Şonda onuň alýan görüş täsirleri özüniň giňişlikdäki kesgitliligini ýitirýär ýa-da wagt bilen arabaglanyşygyny ýitirip, wagtdan daşarda (çetde) galýar. Şunuň bilen baglylykda optiki bozulmalaryň iki görnüşi ýüze çykýar: *optiki togtaýyş* hem *optiki hereket.*

***Optiki togtaýyş*** töwerekdäki ähli zatlaryň, şol sanda hereketlenýänleriň hem adaty bolmadyk hereketsizligi bilen häsiýetlenýär. Bar zat ölen, doňup, gatap ga-

lan ýaly bolup duýulýar. Töwerekdäkileriň hereketleri yzygiderli baglanyşykda kabul edilmän, kinofilmde ýöredilmesi togtadylan kadrlar ýaly durup, şolaryň kabul edilişleriniň aralyklarynda ümmülmez kän wagtyň ýatanlygy duýulýar.

***Optiki hereket*** töwerekdäki zatlaryň ählisiniň näsaga öwrendekli bolan hereketliliginiň ýitirilenligi bilen alamatlanýar. Otagyň içindäki zatlaryň barysy nirädir bir ýerik gaýmalaşyp barýan ýaly, diwarlar yraň atyşyp, näsagyň üstüne ýykylyp gaýdaýjak ýaly bolup duýulýar, görünýär. Köçedäki jaýlar, daragtlar hereketlenip, birsydyrgyn orunlaryndan süýşen ýaly bolýar. Uzakdan gelýän awtoulaglar onuň gözüne golaýdan, özi hem has ýokary tizlikde gelýän we özüni basaýjak ýaly bolup görünýär. Şonda näsag zähresi ýarylan ýaly bolup, çirkin-çirkin gygyrýar. Lizergin psihozynda ýüze çykýan optiki hereketlenme näsaga kitapdaky ýazgynyň harplary böküşip, saga-sola süýşüşip, ýazylan zady okamaga maý bermeýär.

***Giňişlikdäki ugurtapyjylyk we onuň bozulmalary.*** Adamyň giňişlikdäki dogry ugurtapyjylygy duýşuň tutuş toplumynyň, ýagny optiki, westibulýar, myşsa-bogunlary, deri we wisseral duýuşlaryň bileleşikli hereket etmegi netijesinde döreýär. Şunda ýarymaýlaw kanaljagazlaryň we otolitiň (gulagyň içki duýuş synasy) möhüm ähmiýeti bardyr. Giňişlikdäki ugurtapyjylyk ukyby bozulanda, näsagda agramyny ýitiren ýaly, howada gaýyp ýören ýaly duýgular döreýär. Ol özüni tolkunlaryň üstünde ýüzýän, hallan atýan, durnuklylygyny ýitirip, başaşak gaýdyp barýan, ýelgamak deýin pyrlanýan ýaly duýýar.

Giňişlikdäki ugurtapyjylygyň ýitirilmeginiň optiki bozulmalar bilen utgaşykly geçmegi, «ahyrzaman gopmagy» diýilýän alamatlar toplumynyň döremegine getirýär. Ol amentiw alamatlar toplumynyň düzüminiň esasy bölegi bolup durýar we onuň meskalinden ýiti zäherlenmede hem gabat gelýändigi bellenilýär. Şonda näsaglar tutuş dünýä heläkçilige uçrady, termoýader urşy başlady diýip hasaplaýarlar. Olaryň göwnüne töwerekdäki ähli zatlar, şol sanda özleri hem okgunly hereket edip togalanýan, pyrlanýan, böleklere bölünýän ýaly bolýarlar. Hut şuňa meňzeş ýagdaýy ilkinji gezek agramsyzlyk şerte düşenlerde-de (kosmonawtlarda) görmek bolýar.

Psihosensor bozulmalaryň agnoziýalardan, gallýusinasiýalardan, illýuziýalardan, patologiki duýujylykdan tapawutlandyrylmagy diýseň möhümdir. Kabul edilişiň ýoýulmagyna garamazdan, zatlary tanamak ukybynyň saklanmagy, olary agnoziýadan tapawutlandyrýar. Başgaça aýdylanda, kabul edilişiň ýoýulmasy esasyndaky psihosensor ýaly pikir ýöretmeler düzüwligine galýar, näsagda özüniň başdan geçirmelerine tankydy garaýşy bolup, olar kesel görnüşinde duýulýar. Hut şu alamatlar psihosensor bozulmalaryny tanamaklygyň bozulmasynyň wagtlaýynlyk bilen häsiýetlenip, bejergi geçirilenden soň, aýrylyp gidýän illýuziyalardan anyk tapawutlandyrmaga ýardam edýär. Gallýusinator başdan geçirmelerde kabul edilişiň obýekti bolmaýar, psihosensor bozulmalarda bolsa, şol hakykatdan hem bardyr. Duýujylygyň patologiýasynda, ýagny ýönekeý sensor bozulmalarynda

M. O. Gurewiçiň belläp geçişi ýaly, çylşyrymly funksiýalaryň bileleşmeginiň netijesi hökmünde ýoýulma alamaty döremeýär-de, aradan aýrylmak ýa-da gyjyndyryş ýüze çykýar. Psihosensor bozulmalaryň häsiýetli aýratynlygy, olaryň köp halatda paroksizmal (birden başlap, birden hem aýrylyp gidýän) häsiýetliligidir.

Psihosensor bozulmalaryň ýokarda beýan edilen alamatlary, adatça, näsaglarda aýrybaşga (özbaşdak) görnüşde duşmaýar-da, biri-birleri bilen utgaşyp, beýleki alamatlar bilen bilelikde iki sany esasy alamatlar toplumyny: *derealizasiýany* we *depersonalizasiýany* döredýär.

**Derealizasiýa** alamatlar toplumynda töwerekdäki zatlardyr wakalar näsaga del, keseki, öwrenişilmedik, öňküsinden özgeren ýaly bolup görünýär. Sesler, sözler, daş-töwerekdäkileriň özlerini alyp baryşlary, bularyň hemmesi aýdyň bolmadyk, düşnüksiz görnüşde (gipesteziýa) bolup, şoňa mahsus bolan dogry emosional garaýyşdyr gatnaşygy döretmeýär. Hatda näsagyň gözüniň ýetip duran jan üçin howply pursatlary hem onda gorky-ürki döretmän, ony biparhlykda goýýar ýa-da şoňa bolan emosional reaksiýa gijä galyp, diňe ýaňy-ýakynda bolup geçen waka ýatlananda ýüze çykýar. Näsagda daş-töwereginde bolup geçýän zatlara biparh garamak, dünýeden doýgunlyk ýaly özboluşly alasarmyk ýagdaýlar peýda bolýar. Öz durmuşyndaky iňňän wajyp we jogapkärli pursatlarda hem ol özüni şol zatlara dahylsyz hasaplaýar we biperwaýlyk bilen garaýar.

Organiki intoksikasion psihozlarda ýokarda beýan edilen özgermeler gödek häsiýetli bolup, metamorfopsiýa, mikro we makropsiýa alamatlary bilen bile geçýär. Newrozlarda, asteniki psihopatiýalarda, gipodepressiw we käbir rezidual-organiki ýagdaýlarda bolsa kabul ediş kän bir ýoýulman, olaryň göçgünlilik (emosional) öwüşgini özgerýär.

Depressiýada, meselem, näsaglaryň özgeren emosionallygy, şolaryň çuňňur tukatlygy ýa-da adatdan daşary howsalalylygy subýektiv kabul edilişiň şol bir öwüşginlerinden habar berýär. Hysyrdap, aýagy bişen ýaly bolup bir ýerde arkaýyn durup bilmeýän näsaga töweregindäkileriň bary çykgynsyz ýagdaýa düşen ýaly, tolgunyşýan ýaly, hamala diýersiň, uly bir betbagtçylyk bolan ýaly duýulýar, şol betbagtçylygyň döremeginde-de özlerini günäkär hasaplaýarlar. Hatda derealizasiýany başdan geçirýän näsaglaryň somatiki (göwresinden çykýan) duýgulary hem töwerekdäkilere-de geçip bilyär. Meselem, Roýtmanyň beýan eden näsagy aura pursadyndaky başdan geçirýän duýgularyny öz dostuna degişli edip, oňa: «Sen aktam bolupsyň-la, sen häzir gürpüldäp ýykylarsyň» diýýär we şondan soň özüniň essi aýylyp çaşýar-da, ýykylýar.

Newrozly näsaglarda derealizasiýa özboluşly arzuw-hyýala batmak görnüşinde ýüze çykýar: hemme zat ajaýyp, gülala-güllük, düýşdäki ýa-da ertekilerde beýan edilişi ýaly täsin bolup görünýär. Başga bir ýagdaýlarda bolsa, derealizasiýa paroksizmal häsiýete eýe bolup, tanyş bolan zatlar gysga wagtlaýyn, ilkinji gezek görülýän (jamais vu-öň görülmedik) täze zatlar ýaly bolup görünýär.

«Deja vu – eýýäm görlen, ozal başdan geçirilen» nätanyş zatlaryň tanyş ýaly, ozal başdan geçirilen ýaly bolup görünmegi, şeýle-de şuňa gapma-garşylykly ýagdaý; «Jamais vu – hiç wagt görülmedik», ozaldan tanyş zatlaryň indi düýbünden näbelli zatlar ýaly kabul edilmegi. Şu alamatlar tutgaýyň öňüsyrasynda we zäherlenmelerde, beýniniň organiki kesellerinde duş gelýär.

***Depersonalizasiýa.*** Depersonalizasiýalar *somatopsihiklere* we *autopsihiklere* bölünýär. Şularyň birinjisinde, bozulmalar öň beýan edilen göwre durkunyň bozulmasy ýaly bolup, goşalanan görnüşdäki agyr duýgularyň tasirinde geçýär: bir tarapdan özüniň ýiti aýdyňlygy bilen göwräniň özgerenliginiň duýluşy hakyky ýaly bolup görünýär, beýleki bir tarapdan bolsa, aňyň gözegçiligi şol duýgularyň dogrulygyny, hakykylygyny düýbünden inkär edýär. Autopsihiki depersonalizasiýada şahsy «Men»-iň özgermesiniň ýüze çykmagy has gynaýan alamat bolup durýar. Psihiki durmuş näsagyň şahsyýetinden üzňelenilip çetleşdirilýär. Ol: «Men erkygtyýarymy, hakydama getirip, ýada salmak, oýlanmak ukybymy ýitirdim, meniň göwräm boşap, taňkyrap galdy» diýýär. Öz islegi boýunça mährem adamlaryny göz öňüne getirip bilmeýänligini, has beteri-de, özünde şolara bolan mähirli duýgynyň ýokdugyny, şolaryň ykbaly barada oýlanyp, janserek bolmaýanlygyny, aladalanmaýanlygyny, şolara nebsiniň agyrmaýanlygyny, kalbynda mylaýymlygyň, mähirli söýgüsiniň ýoklugyny nygtap zeýrenýär. Şu başdan geçirmeler näsag üçin örän ejirli bolýar. Şonda näsagyň ýakyn adamlaryna biparh garaýanlygynda tutanýerlilik bilen öz-özüni aýyplandygy, sözüň gysga manysynda, şolarda emosional kütekliginiň barlygy ret edilip, puja çykarylýar. Şeýle halatlarda, başga häsiýetli, ýagny keselbentlikli duýgusyzlyk (doňýüreklilik) diýilýän depressiw hem gipopatiýa alamatlar toplumlarynyň hemişelik hemrasy bolan «anaestesia psychica dolorosa» diýilýän ýagdaý barada gürrüň gidýär.

Depersonalizasiýa alamatlar toplumynda haýsydyr bir psihiki «Men» substansiýasynyň zeperlenmegi barada gürrüň açmak bolmaz. Bu ýerde her bir psihiki funksiýada ýüze çykyp birleşen, ýaýbaň häsiýetli, psihiki taýdan gyrakladylyp, çetleşdirmäni döredýän aňyň takyk manylylygynyň bozulmasy orun tutýar.

Uzaga çekip, köneleşen psihozlaryň ýaýbaňlanýan ýagdaýynda depersonalizasion we derealizasion bozulmalaryň beterleşmesi Kandinskiý-Klerambonyň alamatlar toplumynyň çäklerindäki psihiki awtomatizm alamatlarynyň peýda bolmagyna getirýär. Şonda ýoýlan kabul edilişiň ýerini ýalan kabul ediliş (gallýusinasiýalar) çalşyp, içki we daşky dünýäden gelýän kesekilik, täsinlik ýaly duýgular «emeli ýasalanlyk», ýürege düşgünçli, has gödek we samramaly düşündirişli (hetjiklenilip, many çykaryjylyk) duýgular bilen çalşyrylýar.

**Agnoziýalar.** Aňyň we ýönekeý duýujylyga degişli bolan görnüşleriň saklanmagynda tanap bilmek prosesleriniň bozulmasyna agnoziýa diýilýär. Agnoziýanyň alamatlar toplumy iki topara: daşky gurşawdan gelýän gyjyndyryjylar agnoziýasyna we hususy göwräňi (bedeniňi) tanap bilmeklige degişli agnoziýa bölünýär. Daşky

gurşawdan gelýän gyjyndyryjylara degişli agnoziýalar görüş, eşidiş we deri-hereket analizatorlaryna degişli bolup bilerler.

**Görüş agnoziýasy** ýa-da «kalbyň körlügi» diýlip atlandyrylýan agnoziýa gözüň ýitiliginiň abat saklanmagynda görüş kabul edilişinde zatlary tanap bilmekligiň bozulmagy bilen häsiýetlenýär. Näsag tanyş adamlaryny tanamak, öwrendekli köçeleri we jaýlary aýyl-saýyl etmek, otaga girilip-çykylýan ýerleri tapmak ukybyny ýitirýär. Käbir ýagdaýlarda zatlaryň aýry-aýry alamatlaryny atlandyryp bilýär-de, onuň bitewiligine nämedigini aýdyp bilmeýär. Görüş agnoziýasynyň görnüşleriniň biri aleksiýadyr ýa-da werbal körlügidir. Onda agnoziýa näsagyň diňe ýazylan ýa-da çap edilen hatyň ýazgysyna, harplaryna, sanlaryna ýa-da nota belgilerine düşünmezligi bilen häsiýetlenýär.

**Eşidiş agnoziýasy.** Eşidiş agnoziýasy ýa-da «kalbyň kerligi» zatlaryň çykarýan seslerini tanamazlyk bilen häsiýetlenýär, ýagny sagadyň jykgyldysy, jaňyň zaňly sesi tanalmaýar. Eşidiş agnoziýasynyň esasy bir görnüşi amuziýadyr. Amuziýada näsagda öňden tanyş bolan sazyň heňini tanamak ukyby ýitýär. Eşidiş agnoziýasy sensor afaziýasynyň, ýagny näsaga ýüzlenilip aýdylan sözleriň manysyna düşünmezligi esasynda bolýar.

**Tene degiş agnoziýasy.** Tene degiş agnoziýasy diýip, ýüzleý hem çuňňur duýgurlyklaryň abat saklanmagynda näsagyň elläp, barlamak arkaly zatlaryň nämedigini we näme maksatlarda ulanylýandygyny kesgitläp bilmezligine aýdylýar. Tene degiş agnoziýasynda näsag elini kisesine salyp, şondan birbada gerekli zadyny çykaryp bilmän, kisesindäki ähli zatlary ýekän-ýekän çykarmaly we her gezek olara dikanlap seretmeli bolýar. Şeýle etmek bilen tene degiş kabul edilişiň ýetmezçiligini görüş arkaly düzetmeli bolýar.

**Autoagnoziýa.** Autoagnoziýada ýa-da başgaça aýdylanda, öz hususy teniňi bilmeklige degişli agnoziýalarda näsag öz göwresiniň sag hem çep taraplaryny kesgitläp bilmeýär, özüniň el-aýagyny, göwresiniň beýleki agzalaryny tanap bilmeýär ýa-da tersine, özüniň birnäçe el-aýagynyň bardygyny tekrarlaýar (polimeliýa). Agnoziýalaryň şu toparyna Babinskiniň beýan eden anozognoziýalary hem degişlidir: paraliçi başdan geçiren, şol bir wagtda-da gemianopsiýadan (göz meýdançalarynyň birmeňzeşlerindäki körlük) ejir çekýän näsag, kähalatlarda öz kemçiligini duýmaýar.

Agnoziýalar beýniniň ojaklaýyn organiki zeperlenmesinde ýa-da seýrek ýagdaýda üns funksiýasynyň birden güýçli bozulmagy netijesinde (eşidiş, görüş agnoziýalarda) döreýär.

**Kabul etme bozulmalarynyň üstüni açmak üçin, adatça, şeýle soraglar berilýär:**

**I. Gallýusinasiýalar, psewdogallýusinasiýalar.**

*a) Görüş bozulmalary:*

• Siziň gözüňize nämedir bir zatlar görünýän-ä däldir?

• Siz şolary gözüňiz bilen görýärsiňizmi ýa-da «içki görejiňiz» bilen görýärsiňizmi?

• Siz şolaryň görünýän ýerini aýdyp biljekmi?

• Şol görülýän ýer ýagtymy ýa garaňky?

• Gözüňiz ýumuk halda hem şolary görýärsiňizmi? Nirede?

• Gije-gündiziň haýsy wagtynda şolary has ýygy-ýygydan görýärsiňiz?

• Siz şekilleri edil öňüňizde görýäňizmi ýa-da «gapdalky görejiňiz» bilen?

• Olar nähili bolup görünýärler? Janly bir zatmy ýa-da kölege ýalymy, göwresiz bir dury zatmy?

• Olar seslenýärmi? Nämedir bir zatlar aýdýarmy?

*b) Eşidiş bozulmalary:*

• Töweregiňizde yns-jyns ýokka adam sesini eşiden wagtyňyz bolupmydy?

• Siz ýekelikde wagtyňyz haýsydyr bir içki ýa daşky sesleri eşidýärsiňizmi?

• Olar diňe siziň pikiriňizmi ýa-da olary goh-galmagal, ýaň, adam sesi ýaly aýdyň kabul edip eşidýärsiňizmi?

• Siz şol sesleriň siziň bilen gürleşýänligi barada aýdýarsyňyz. Siz şolaryň näme diýýänligini aýdyp bilersiňizmi?

• Ses daş-töwerekden eşidilýärmi ýa-da kelläňiziň içinden çykýarmy?

• Eşidilýän ses erkek adamyňkymy ýa-da aýalyňky?

• Ses tanyşmy ýa-da nätanyş?

• Siz şol sesiň kimiňkidigini bilýäňizmi?

• Şolar size näme etmelidigi barada-da aýdýarlarmy?

• Olar size näme etdirmekçi bolýarlar?

• Şolaryň aýdýan zatlary siziň üçin ýakymlymy ýa-da ýakymsyz?

• Sesler gije-gündiziň haýsy wagty peýda bolup, haçan kesilýär?

• Sesleriň äheňi dostluklymy ýa-da duşmançylykly?

• Şolar janly seslermi ýa-da radiodyr magnitofondan çykýan ýalymy?

• Şol sesleri iki gulagyňyz bilen hem eşidýärsiňizmi ýa-da biri bilen?

• Gulaklaryňyzy dykanyňyzda-da sesler eşidilýärmi?

*ç) Ys alyş bozulmalary:*

• Siz öwrendekli, adaty yslary alýaňyzmy ýa-da nätanyş yslary?

• Siz adaty däl üýtgeşik yslary alýan-a dälsiňiz?

• Şol yslar nireden çykýar?

• Siziň pikiriňizçe, şol näme bilen baglanyşykly bolup biler?

*d) Tagam duýuş bozulmalary:*

• Siz adaty iýmitiňiziň tagamynyň üýtgändigini duýýaňyzmy?

• Siz hiç zat iýmeýän wagtyňyz haýsydyr bir tagamy duýýaňyzmy?

• Adaty naharlaryňyzyň tagamlary nähili?

*e) Tene degiş-deri duýgurlyk bozulmalary:*

• Siz endamyňyzda del bir zadyň bar ýalydygyny duýýarsyňyzmy?

• Gapdalyňyzda hiç kes ýokka teniňiz ellenilýän, sypalanýan ýaly ýa-da başga bir üýtgeşik zatlary duýýaňyzmy?

*ä) Gaýry sowallar:*

• Sizde sesleri eşitmegiňizi, adaty däl zatlary görmegiňizi, ýok yslary almagyňyzy kimdir biri ýörite gurnaýandyr diýen pikir-düşünje ýokmy?

• Şolaryň siziň hakyky başdan geçirmeleriňiz bilen baglanyşygy barmy? Bar bolsa haýsylary bilendir öýdýärsiňiz?

**II. Derealizasiýa**

• Sizde daş-töweregiňizdäki zatlaryň ýoýlanlygy baradaky duýgy barmy? Bar bolsa haýsylar bilen: geň, öz hakykysyna meňzeş dälligi, sizden has uzakda ýa-da ýakynda ýerleşýänligi, tanyş dälligi bilenmi?

• Size zatlaryň görnüşi öňküsinden üýtgän (ulalan, kiçelen) ýaly bolup görünýän-ä däldir?

• Size ozal bolup görmedik ýeriňizi ilkinji gezek göreniňizde tanyş, ozal görlen ýaly bolup görünýän-ä däldir?

**III. Depersonalizasiýa**

*a) Paranoide degişli bolmadyklary:*

• Gözüňiziň açyk-ýumuklygyna garamazdan, göwräňiziň ýa-da onuň bölekleriniň wagtlaýyn ulalýanlygyny ýa-da kiçelýänligini duýýan-a dälsiňiz?

*b) Paranoide degişlisi:*

• Sizde pikiriňiziň, duýgularyňyzyň özüňiziňki däl, keseki ýalylygynyň duýulýan wagty bolupmydy?

• Sizde özüňizde bolýan zatlara gapdalyndan synlanýan ýaly, şol zatlar sizde bolman, başga bir adamda bolýan ýaly duýgular-a bolan däldir?

## 8-nji bap. Ünsüň bozulmalary. Üns bozulmalarynyň görnüşleri

**Ünsüň peselmesi** – bu ünsüň belli bir zada jemlenmek ýa-da belli bir işe gönükdirilmek ukybynyň peselmesidir. Üns peselmesi argynlygy has ýokary bolan näsaglara mahsusdyr. Şeýle ýagdaý yzygiderli surnukdyryjy agyr işden, ýokanç kesellerden, zäherlenmelerden, başdan geçirilen psihozdan, agyr kesellerden saplanmadan soň duşýar. Ünsüň şeýle peselmesine şol başdan geçirilen agyr dartgynlyk netijesinde nerw ulgamyna agram salnyp, tapdan düşürilmegi sebäp bolýar.

**Ünsüň bir ýagdaýdan beýleki bir yagdaýa geçmesiniň kynlaşmasy.** Bu ünsüň bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa, bir işden beýleki bir işe tiz hem ýygy-ýygydan geçmek ukybynyň peselmesidir, ýagny gönükdirilişiň haýal-ýagallygy, söhbetdeşlikde şol bir gürrüňi gaýtalap irizip durmagy, başga gürrüňe geçip bil-

mezligi, maksatlaryny ugrukdyrmakda kynçylyk çekmegidir. Üns bozulmasynyň bu görnüşi beýniniň organiki kesellerinde – garrylykda, beýni şikesinde, ýokanç (infeksion), zäherlenme (intoksikasion) we beýni damar bozulmalarynda, şeýle-de garaguşagyryda duş gelýär.

**Ünsüň sowlup durmasy.** Bu ýagdaýda ünsüň bir zada gönükdirilmesi durnukly bolmaýar. Näsagyň ünsi sähel bir sebäp bolsa, ondan-oňa böküp durýar. Mysal üçin, näsag bir zady aýdyp duran bolsa, şol wagt hem bir zat takyrdasa ünsi şoňa sowulýar-da, ol öňki gürrüňini goýup, başga zat hakda aýdyp başlaýar. Ünsüň şu bozulmasy, köplenç, maniakal yagdaýdaky näsaglarda, esasan-da, MDP-nyň maniakal tapgyrynda, şizoaffektiw psihozyň maniakal tapgyrynda, beýni şikesinde, beýni damar bozulmalarynda, beýni çişiniň käbir görnüşlerinde, şeýle hem psihostimulýatorlar kabul edilende duş gelýär.

**Ünsüň ugrukdyrylyşynyň bozulmasy.** Patologik refleksiýada (näsagyň ünsüniň öz-özüne gönükdirilmegi) üns, öz-özüňe baha bermeklige, öz eden hereketleriň, oý-pikirleriň, adamlar bilen gatnaşygyň hakynda birsyhly pikir öwürmelere, öz «men»-iň özenini tapmaklyga gönükdirilýär. Refleksiýa hususy maksada öwrülip, içki durmuşyň esasy mazmuny bolýar-da, galan ähli zatlar ikinji orna süýşürilýär. Ünsüň ipohondriki fiksasiýasynda ol ýersiz-ýere tutuşlygyna diýen ýaly özüňi duýşuňa, aslynda bolmasa-da, bardyr öýdülen kesel alamatlaryna we umumy saglygyňa gönükdirilýär. Depressiw kesellileriň ünsi, adatça, durmuşyň oňat taraplaryna däl-de, gam-gussaly günleri ýatlamaklyga gönükdirilýär. Geçen günleriň gamgyn pursatlary ýatlanylýar. Häzirki wagt barada pikir edenlerinde bolsa, diňe ýakymsyz hadysalar ýadyna düşýär. Olar geljegi hem çykgynsyz, muşakgatly halda göz öňüne getirýärler. Köplenç halatda üns ýüregedüşgünç başdangeçirmelere, gaýgy-aladalara, gallýusinasiýalara we samramalara gönükdirilýär welin, näsag hatda şolardan arasyny açmaga hem ýaramaýar. Bu beýan edilen psihiki bozulmalar ýokary görnüşdäki öz erkli ünsüň ýoýulmasy bilen baglydyr.

Şizofreniýaly näsaglaryň ünsi, köplenç halatda ownuk-uşak zatlara ýaýrap, derwaýys bolmadyk dereksiz zatlardyr bolgusyz hadysalara gönükdirilýär. Näsag lukman bilen gürleşýän wagty, onuň berýän soraglaryna perwaýsyz garap, degerli jogap bermeýär, hatda jogapsyz hem goýup bilýär. Ol şol ýerde hut öz ykbalynyň çözülýänligini duýmaýar, ýagny näsagyň ünsi esasy meseleden sowlup, gyşarýar. Şeýle üns ipohondriki alamatlar toplumynyň esasy alamatlarynyň biridir.

***Gipoprozeksiýa*** – ünsi jemlemäge bolan ukybyň peselmesi. Bu asteniki ýagdaýlarda ýüze çykýar.

***Paroprozeksiýa*** – ünsüň özboluşly bozulmasy bolup, dartgynly ýagdaýda garaşmaklygyň degişli obýektiň peýda bolandygyny wagtynda aňşyrmak ukybyny bökdemegidir. Bu ýagdaý howsalaly alamatlar toplumy we patologiki ideýaly näsaglarda duş gelýär.

***Aprozeksiýa.*** Ünsüňi bir ýere jemläp bilmezlik, töwerekde bolup geçýän hadysalara düýbünden gyzyklanmanyň gaçmaklygy we ony daşky täsir ýetirme arkaly düzetmäge mümkinçiligiň ýoklugy bilen häsiýetlenýär. Aňyň çuňňur bozulmalarynda, beýniniň organiki zeperlenmesinde, aýratyn-da beýniniň maňlaý böläminiň bozulmalarynda, atrofiýasynda duş gelýär. Oligofreniýa we çaga şizofreniýasyna hem degişli edilýär. Çagalar bilen geçirilýän iş tejribesinde aşakdaky ýaly kliniki alamatlar bilen ýüze çykýan ünsüň ýetmezçilikli (defisit) sindromy diýilýän düşünje aýratyn görkezilýär:

- ynjalyksyz hereketler etmek – towlanyp burulmak, bükülmek, el-aýaklary salgap däbşeneklemek;
- gerekli pursatda ýerinde arkaýyn we parahat oturyp bilmezlik;
- ünsüň daşarky täsirlere ýeňillik bilen sowulmasy;
- sabyrsyzlyk;
- soraglary ahyryna çenli diňlemän, pikirlenmezden jogap bermek;
- tamamlanmadyk bir hereketden beýleki herekete geçip durmak;
- asuda, parahat oýnamaga kanagat etmezlik;
- ýaňramak;
- töweregindäkilere päsgel berip, ýoknasyzlyk etmäge ýykgyn etmek;
- özüne habar gatylanda oňa ünsüni jemläp bilmezliginiň daşyndan hem görnüp durmagy;
- köplenç, zatlaryny (oýnawaçlaryny, galamlaryny we ş.m.) ýitirip ýörmegi;
- ýygy-ýygydan howply hereketlere ýüz urmagy (netijesine seretmezden);
- haýsydyr bir tabşyrygy ýerine ýetirende ýa-da oýnaýan wagty ünsüni belli bir zada jemlemekde kynçylyk çekmegi;
- teklip edilen tabşyryklary ýerine ýetirmegi başarman kösenmegi (düşünmezlik ýa-da özüni alyp barşy bilen baglanyşykly bolmadyk ýagdaýynda).

Netijede, iş tejribesinde üns patologiýasynyň psihopatologiki alamatlar toplumlarynyň ählisinde-de duşýanlygyny aýtsa bolar. Şolar emosional giperestetiki, newrotiki, affektiw alamatlar toplumlarynda, aň bozulmalarynda we kemakyllykda has aýdyň ýüze çykýar.

## 9-njy bap. Ýadyň (huşuň) bozulmalary. Dismneziýalar

Ýatda saklamanyň bozulmalary möçber boýunça bozulmalara (*dismneziýalara*) we hil boýunça bozulmalara (*paramneziýalara*) bölünýär.

***Amneziýalar*** – ýada salyp bilmekligiň düýbünden ýoklugy, başgaça aýdylanda, wagtyň haýsy-da bolsa bir döwrüni, şonda bolup geçen wakalary ýada salyp bilmekligiň doly ýitirilmegi. Huşuň gödek bozulma ýagdaýlary – aňyň

alagaraňkylykdaky ýaly bulaşmasy, amensiýa, agyr seňseleme amneziýalar bilen bilelikde geçýär. Garaguşagyry tutgaýynda, çuňňur fiziologiki ukuda hem-de insulin bilen bejergi geçirilen pursady bolýan gipoglikemiki komada amneziýa bolup geçýär. Uzak wagtyň dowamynda içip, keseli ötüşen arakhorlaryň arakdan gerk-gäbe doýup, serhoş bolan pursadynda eden hereketlerini ýatlaryndan çykarmagy mümkindir. Muňa serhoşlygyň amnestiki görnüşi diýilýär. Amneziýa bejerilip bolunýan, wagtlaýyn, şeýle hem bejerilip bolunmaýan hemişelik bolup biler. Garry adamlarda ýa-da organiki kesellere dogabitdi ýykgynlygy bolan adamlarda amneziýanyň dikeldip, bejerip bolmaýan görnüşiniň döremegi mümkin.

***Retrograd amneziýa.*** Adamda kesel başlanmazdan ozalky ömrüne degişli zatlaryň ýatdan çykarylmagy – retrograd amneziýasy adyny göterýär. Geçmişdäki bolup geçen hadysalaryň uly bölegi ýatdan çykarylýar. Amneziýa wagtyň uzak döwrüne – amneziýany döreden keseliň başlan wagtyndan has ozalky döwrüň hepdelerine, aýlaryna, hatda ýyllaryna-da ýaýrap, şol döwürlerde bolup geçen zatlar ýatdan çykarylýar. Meselem, özüni asyp janyna kast etjek bolan adam, bihuş halda syrtmakdan sypyrylyp halas edilýär, ol özüne gelip aýňalansoň, diňe bir janyna kast etmäge itergi beren sebäpleri däl, eýsem, ýakyn aýlarda bolup geçen hadysalary hem ýatlap bilmeýär. Retrograd amneziýasy beýni şikesinde, kömürturşy gazyndan (tüsse) zäherlenmede, uzaga çekip, bejerilmesi ötüşdirilen arakhorlarda aragyň juda köp içilmeginde, şeýle-de merkezi nerw ulgamynyň ýokanç keselleri bilen baglanyşykly bozulmalarynda döräp biler.

***Fiksasion amneziýa.*** Fiksasion amneziýada ozal bolan zatlar näsagyň ýadyna düşýär, emma şu wagt bolan zatlar oňly ýadynda durmaýar. Kähalatlarda täzelikde alnan täsiriň ymykly ýatdan çykarylmagy üçin birnäçe sekunt ýeterlikdir. Şol sebäpli hem näsag töweregindäki adamlaryň atlaryny ýadynda saklap bilmeýär, aýyň-günüň hasabyny ýitirýär, häzirki wagtda özüniň nirededigini düşündirmegi başarmaýar. Geçmiş durmuş tejribesinden belli ýerlerini hakydasynda saklaýan hem bolsa, näsag her gezek özüni gyzyklandyrýan sowallara jogap tapmaga synanyşýar: ýylyň haýsy paslydygyny penjireden görünýän tebigatyň görnüşinden, özüniň hassahanada ýatandygyny bolsa näsaglaryň hem lukmanlaryň geýimlerinden çak edip bilýär. Şol sebäpli hem onuň oýlanmalarynda, pikir ýüwürdişinde we edim-gylymlarynda gödek ýalňyşlyklaryň goýberilmegi ähtimal. Näsag şu günki gün nahar iýendigini ýa iýmändigini ýadyna salyp bilmeýär. Eger-de fiksasion amneziýa kemakyllyk bilen utgaşyp geçse, onda amnestiki ugur ýitirilmek diýilýän alamatyň aýratyn görnüşlisi ýüze çykýar. Adatça, fiksasion amneziýa hem retrograd amneziýasynda bolşy ýaly, şol bir kesellerde gödek organiki psihozlar bilen bile geçýär. Şeýle-de, köplenç halatda hut şonuň özi bilen, ýagny retrograd amneziýasy bilen hem utgaşyp geçýär.

***Anterograd amneziýa.*** Anterograd amneziýa hem edil fiksasion amneziýa ýaly kesel başlanandan soňky wagtda döreýär, ýöne ol bada-bat bildirip, ýüze çyk-

maýar. Meselem, kelle beýnisiniň sarsgynyny alan näsag keseliň ilkinji günleri hassahananyň içindekä özüniň nirededigini, töwerekdäkileriň kimlerdigini, olaryň atlaryny, düýnki we şu günüň bolup geçen wakalary bilýär. Ýöne birnäçe wagtdan, adatça, bir hepdeden soň, kesel başlandan soňky döwürde bolup geçen zatlardyr wakalaryň doly ýatdan çykmagy, ýagny huşuň ýitirilmegi garaşylmadyk ýagdaýda ýüze çykýar. Anterograd amneziýa, esasan-da şikeslenmeden soň dörän görnüşi, huşda bolup geçýän ýüzleý üýtgeşmesi, ýagny huşuň ýeňiljek daralmasy döwrüne mahsusdyr. Aň-huşuň ýeňiljek daralmasy daşky zyýanly täsir ýetmeler (şikes, zäherlenme, ýokanç keseller) sebäpli döreýär.

***Antero-retrograd amneziýa*** – amneziýalaryň şu iki görnüşiniň utgaşmasy psihozyň öňüsyrasyndaky ýa-da bihuşlyk ýagdaýyndaky döwrüň, şeýle-de şolardan soňky bolup geçen wakalaryň ýatdan çykarylmasy bilen häsiýetlenýär. Ol agyr kelle-beýni şikeslenmelerinde we zäherlenmelerde duş gelýär.

***Polimpsest*** – arak serhoşlygynyň öňüsyrasynda hem-de arak serhoşlygy döwründe amneziýanyň ýoklugynda hadysalaryň aýry-aýry bölekleriniň (köplenç wajyplarynyň), olaryň belli-belli pursatlarynyň ýatdan çykarylmagy.

***Basym geçýän amneziýa.*** Kabul edilişe degişli bolan şu amneziýada ýüze çykan haýsydyr bir waka peýda bolan badyna ýatlanyp, ýöne biraz wagtdan bolsa yz galdyrman unudylýar. Meselem, pajygaly, üýtgeşik täsirli düýş gören adam oýanan badyna gören düýşi barada jikme-jik aýdyp bilýär-de, 1-2 sagat geçenden soň welin, gören düýşüniň köp ýerlerini ýatlap bilmeýär. Edil şeýleräk ýagdaýa oneýroid ýa-da delirioz ýagdaýlardan çykan näsaglarda-da duşmak bolýar. Keseliň başlan ilkinji günlerinde olaryň jikme-jik, owadanlap, gyzyklandyryp berýän gürrüňleri wagtyň geçmegi bilen, günsaýyn bady gaçyp öçügsilenýär, gysgaldylýar. Ahyrynda-da näsaglaryň başdan geçiren keseli barada hiç zat ýadynda galman, diňe şolar baradaky boş gürrüňleriň hakydasyndakylary galýar.

***Funksional ýa-da isterik amneziýa.*** Güýçli psihotrawma başda reaktiw psihozyň döremegine, meselem, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly çaşgynly isteriki bozulmasyna getirip, diňe şol ýagdaý gutaraňkyrlap aýaklaberende psihotrawma bilen baglanyşykly bolan ähli wakalardyr hadysalara degişli bolan funksional (isterik) amneziýa ýüze çykýar. Şu ýagdaý näsagyň şahsyýetini çekip-çydardan agyr, arkaýyn ýaşamakdan mahrum edýän ejirli ýatlamalaryň ezýetinden halas edýän ýaly bolýar. Meselem, ýalňyz perzendini aşa söýýän ene diňe bir ýitiren çagasynyň öz elinde jan berenligini ýadyndan çykarman, eýsem, şol çagany göwresinde göteren pursatlaryny, çagasynyň başdan geçiren dert-azarlaryny, keselli ände çirim etmän, başujynda oturyp geçiren gijelerini ýadyndan çykarýar. Ýöne şol bir wagtda-da, uly ýitgisine dahyly bolmadyk şol günlerdäki bolar-bolgusyz ujypsyz wakalary ýadyna salyp bilýär. Funksional amneziýa fenomeniniň esasynda patofiziologik görnüşdäki saýlanylýan otrisatel togtaýyşly isterik gysylyp çykarylyş diýilýän ýagdaý ýatandyr. Bu togtaýşy, elbetde, ýüze çykan funksi-

onal amneziýany, oňa mahsus bolan ynandyrma arkaly gipnotik ukynyň üsti bilen bejerip bolýar.

***Gipomneziýa*** – asteniki we newroz ýagdaýlarynda, dürli sebäplerden dörän ensefalopatiýalarda, depressiw sindromda, garrylyk kemakyllygynyň başlangyç döwründe we şulara meňzeş beýleki kesellerde duşýan ýatkeşligiň, aýratyn hem reproduksiýa (gaýtadan dikeltmek) proseslериniň peselmegidir. Gipomneziýada näsagyň durmuşynda bolup geçen iri wakalar dogry beýan edilip bilner. Ýöne şonda wakalar jikme-jik beýan edilmeýär we anyk seneleri takyklanmaýar. Kähalatlarda sözleri, adalgalary, atlary ýada salmak kynlaşýar, bu bolsa söhbetdeşlikde säginmeklige getirip, gürrüňiň çeperçiligini, göwnejaýlygyny peseldýär. Hemişe näsaglar öz ýagdaýyna tankydy garaýarlar, huşunyň peselmegi olary gynandyryp, lapyny keç edýär. Onsoň olar ýatda saklamak üçin bellik depderçejigini edinýärler, ellerine ruçka bilen bellik edýärler we ş.m. Öň görlüp-eşidilen zatlaryň toplumy aýry-aýry kabul edilen zatlardan belli bir derejede aňsat ýatlanylýar. Tanyş adamyň ýüzi oňa ozal duşulan öwrendekli ýerinde tanalyp, täze, nätanyş ýerde duşulanda bolsa tanalmaýar.

***Gipermneziya*** – ýatkeşligiň, has köp derejede bolsa keselbentlikli şertlerde döreýän mehaniki ýatkeşligiň wagtlaýyn ýitelmegidir. Gipermneziýany käbir adama dogabitdi mahsus bolan fenomenal ýatkeşlik bilen deňeşdirmek bolmaz. Gipermneziýa alamatyna dürli sebäplerden dörän maniakal ýagdaýlarda, şeýle-de käbir ýokanç kesellerde, meselem, garahassalykda we gyzzyrma keselinde, ýokanç keselleriň deliriýlerinde duşulýar. Şu ýagdaýlaryň ählisinde-de gipermneziýa umumylygy bilen häsiýetlenýär (tutuşlaýyn gipermneziýa). Aýyl-saýyl edilmezden wajybam, ähmiýetsizem, gereklisem, düýbünden gerek bolmadyk artykmaçlaram, okalyp-okalyp ýatda saklanyp, soňam hakydadan çykanlaram, bary-ýogy bir sapar tötänlikde eşidilen mesaýy gürrüňlerem, goşgularam, hatlaryň mazmunlaram, hatda gaýry dillerde ýaňlanan zatlaram ýada salynýar. Ýokanç kesellerde döreýän total gipermneziýanyň diýseň seýrek duşýanlary hem bar. I.F.Sluçewskä lukmançylyk institutynyň talyp gyzynyň gyzzyrma deliriýli ýagdaýyndaka anatomiýa okuw kitabynyň tutuş sahypalaryny ýatdan aýdanlygyny synlamak miýesser edipdir. Sagalandan soň bolsa, şol materialy ozalkysy ýaly takyk gaýtalap bilmeg-ä däl, hatda onuň şol bölümden bilim-düşünjesiniň juda çäklidigi aýan bolupdyr.

Durmuşda bolup geçen şu aşakda beýan edilýän waka-da täsinligi bilen geň galdyrýar. Bir ispan ilçisiniň adaty ukyply hyzmatkäri bolupdyr. Syýasy we diplomatik düşünjelerden känbir başy çykmaýan hem bolsa, ol şol öýde edilýän syýasy-diplomatik gürrüňleri häli-şindi eşidýär eken. Bir gün ol güýçli beýni keseline uçrapdyr-da samrap başlapdyr. Samran mahaly ol dürli syýasy meseleler barada uzakdan-uzak hem-de ýerlikli gürläpdir. Ony diňlän ilçi onuň syýasy meseleler barada takyk hem-de sowatly gürleýşine geň galyp, ony özüniň kömekçisi edip

almakçy bolupdyr. Emma keselden saplanyp açylan hyzmatkär hälki aýdan zatlaryndan hiç bir zady ýatlap bilmändir.

Gipermneziýanyň saýlaýjy (selektiw) görnüşi geçmişiň wakalarynyň keselbentlikli başdan geçirmelerine degişli bolan käbir psihozlarda duş gelýär. Depressiw ýagdaýdaky näsaglar öz durmuşynda bolup geçen, ýöne birçak hakydadan çykarylan ýakymsyz pursatlary, ahmyrly ýagdaýlary, goýberilen säwlikleri, uçralan şowsuzlyklary örän aýdyň görnüşde ýatlaýarlar.

Garrylyk psihozlaryna utgaşyp, barha beterläp geçýän amneziýa alamatlar toplumynda geçmişi ýatlamagyň kynlaşmagy, özi-de gitdigiçe köp döwri öz içine alýan ýatkeşligiň gowşamagy bilen birlikde, olaryň gaýtadan hem-de indi müdimilik unudylmagyndan ätiýaç edilip, ozalky durmuşynda bolup geçen zatlar täzeden ýatlanylýar. Näsagyň aňynda merkezi orny hakyky durmuş däl-de, hut şol ýokarda aýdylanlar eýeleýär. Bu alamaty ýüzleý alamat diýip hem atlandyrýarlar (S. G. Žislin).

Geçmişde bolup geçen, ýöne şeýle bir uly ähmiýeti bolmadyk, birwagtlar ýatdan çykarylan diýip hasap edilýän wakalaryň janlandyrylyp, täzeden dikeldilýän gipermneziýalaryň duşmagy ýatkeşligiň galdyran yzlarynyň ýokary durnuklylyga ukyplydygyny, hatda uzak wagtyň geçmegi bilen hem doly ýitirilmän saklanylýandygyny ymykly subut edýär. Ýöne geçmişdäki düşünjeleri aňly-düşünjeli görnüşde hakydada täzeden dikeltmek üçin, megerem, şol yzlaryň (engrammlaryň) ýeterlik derejede güýçli, ýagny dikeldip bolmaýan pesliginden ýokary bolmagy zerurdyr. Diňe kesel ýagdaýyndaky beýniniň işiniň (funksiýasynyň) özgermegi esasynda hälki ýagdaýyň çäk derejesi peseldilýändir.

***Anekforiýa*** – täzeden dikeltmäniň kynlaşmasy. Somatiki kesel derdini çekip, tapdan düşen çagalarda has-da ýygy duş gelýär. Asteniýada huşuň peselmegi, köplenç halatda uzak saklanman, geçegenlik bilen häsiýetlenýän bolsa, beýniniň organiki bozulmalarynda we demensiýalarda ol durnukly bolýar, garaguşagyrylylarda bolsa ol beterläp hem biler.

**Paramneziýalar** – huş aldanmalary, ýagny hakykata çala laýyk getirilip, ýoýlan ýatlamalar.

Şolaryň iň möhümleri aşakdakylardyr:

**Psewdoreminissensiýalar** – nädogry täzeden dikeltmek (garyşdyryp, bulaşdyryp), ýagny ozal bolup geçen wakalaryň wagtynyň çalşyrylyp bulaşdyrylmagy. Meselem, hassahanda ýatan bir garryja kempirden: «Siz häzir nirede, näme bilen meşgullanýarsyňyz?» diylip soralanda, ol: «Men öýümde, edil häzir sygrymy sagyp, mallaryma ot-iým berip gelşim» diýip jogap beripdir. Bu durmuşda bir wagtlar bolup geçen wakanyň kesel sebäpli wagtynyň degişli ýerinde goýulman ýalňyş, nädogry ýatlanylmagydyr. Şunda näsagyň ýalňyşýandygyny, aýdýan zatlarynyň nädogrudygyny oňa ynandyrmak asla başartmaýar. Psewdoreminissensiýalar dolduryjy (çalşyryjy) häsiýete eýe bolup, näsagyň huşunda emele gelen boşluklary dol-

durýar. Psewdoreminissensiýanyň görnüşleriniň biri ekmneziýa, ýagny hadysalary yza, geçmişe süýşürmekdir (geçmişdäki durmuşa dolanmak). Munda geçmiş bilen häzirki wagtyň aralygyndaky tapawut ýitirilip, keselbentli ýatkeşlikde ozalky wakalar soňa, häzirki wagta geçirilýär. Kähalatlarda şu alamat tanabilmezlik alamaty bilen hem utgaşýar, ýagny näsag hut özüniň aýnadaky hususy keşbini tanamaýar.

**Konfabulýasiýalar.** Huşuň boşaşan ýerlerini toslamalar bilen doldurmak. Bu köplenç halatda çagalarda duşýar. Käýarymlar muny «huşuň gallýusinasiýasy» ýa-da «samramaly hyýalbentlik» diyip atlandyrýarlar. Munda ýiti görnüşde owadanlanyp suratlandyrylýan ýalan ýatlamalar hakykatda bolan ýaly uly ynam bilen aýdylýar. Meselem, hassahanada ýatan çaga düýn öýlerine gidip gelendigini, tokaýda gezelenç edendigini, mekdebine baryp gaýdandygyny heňe gelmejek zatlar bilen bezäp, çynaberimsiz edip gürrüň berýär. Çagalarda nädogry (ýalňyş) tanamaklyk hem köp duşýan ýagdaýdyr. Meselem, hassahananyň işgärlerini näsag özüniň tanyşlary ýa-da hossarlary diýip hasaplaýar.

Konfabulýasiýalarda hili boýunça täzeçe suratlandyrylyş seýrek düzülip, aýdylýan zatlar hemişe diýen ýaly näsagyň ozal gören, eşiden ýa-da okan zady bolup çykýar: kimdir biriniň edermenlik görkezip bitiren batyrgaý işlerini özüniňki ýaly edip görkezýär ýa-da täsin ýerlere syýahat edişini, meşhur adamlar bilen duşuşandygyny öz şahsy durmuşynda hakyky bolan zatlar ýaly edip ynamly gürrüň berýär. Şular ýaly yglan edilmelerdäki bar bolan gapma-garşylyga näsag düşünmeýär, ol öz aýdýan gürrüňlerinde şeýle gapma-garşylyk asla bardyr hem öýtmeýär. Şuňa meňzeş erteki otarmalar näsaglar üçin nähilidir «ýatlanýan» bir zatlar ýaly bolansoň, şolar hut özlerinde bolup geçen ýaly saýylýan zatlaryň hakykylygyna ymykly ynanýarlar. Bu bolsa olary käbir samramaly konfabulýator gürrüňlere ýakynlaşdyrýar. Lukmanlaryň käbirleri konfabulýator samramanyň kähalatlarda şizofreniýanyň parafren tapgyrynda, örgünli garahassalyk, şikesli we gaýry psihozlarda duşýan aýratyn görnüşini hem bölüp görkezýärler. Psewdoreminissensiýalar ýaly konfabulýasiýalar hem ýatlamalaryň boşluklaryny başga zatlar bilen dolduryp bilýär, ýöne käýarym amneziýanyň ýoklugynda-da döräp, hamala geçmişiň ýatlamalarynyň mazmunynyň şol wakalara dogry gabat gelmegi ýaly bolup geçýär. Adatça, şolar suratlandyrylyşy boýunça ýeterlik derejede durnukly bolup, näsag tarapyndan köp gezek, kähalatlarda üýtgedilmän gaýtalanýar. Şunda geçmişiň we häzirki wagtyň hakyky wakalary ýatdan çykarylan hem bolsa, näsagyň ýeňbermän, erjellik bilen gaýtalap durmagy geň galdyrýar. Konfabulýasiýalardan rezidual (galyndy) samramany tapawutlandyrmak hem möhümdir. Rezidual samramasynda aňyň bulaşmasy zerarly (ýokanç deliriý, oneýroid) toslama gallýusinator başdan geçirmeler, birnäçe wagtlap geçmişiň hakyky wakalary diýlip düşünilýär. Hakykatdan bolsa, konfabulýasiýalarda näsagyň geçmişinde onuň aýdýan zatlaryna bap geläýjek hakyky, hatda ýalan kabul etmeleriň hem asla bolan ýeri ýokdur. Galyberse-de, psewdoreminissensiýalary we konfabulýasiýalary aýyl-saýyl edip ta-

pawutlandyrýan keseliň kesgidini goýmak gaty kyndyr, çünki konfabulýasiýalaryň adatdakysy ýaly köpgörnüşli samsyklaç häsiýete eýe bolmadyk hem-de lukmanyň näsagyň durmuş terjimehalyny doly bilmedik ýagdaýynda, şu ikisini biri-birinden tapawutlandyrmak diýseň çetin bolýar.

**Kriptomneziýalar** – durmuşda hakykatda bolup görlen wakalar bilen eşidilen, okalan, telewizorda ýa-da düýşde görlen wakalaryň aratapawudy ýitirilýär. Käbir halatlarda şeýle ýagdaý näsagyň hut öz durmuşynda hakykatdan bolup geçen wakalar ýaly ýatlanylýar (assosiatiw ýatlamalar), beýleki bir ýagdaýlarda bolsa hakykatdan bolup geçen zatlar eşidilen, okalan, telewizorda ýa-da düýşlerde görlen (kesekileşdirilip daşlaşdyrylan ýatlamalar) ýaly görnüşde ýatlanylýar. Kriptomneziýalar käbir psihorganiki sindromyň düzüminde we paranoid sindromynda duş gelýär.

**Amnestiki afaziya** – gowy tanyş zatlaryň atlaryny ýatdan çykarmak ýa-da şolary ýada salmagyň kynçylygy. Durnukly alamat hökmünde çep çekgä urgy salnanda we garaguşagyrynyň agyr geçýän görnüşinde duş gelýär.

**Korsakowyň alamatlar toplumy (sindromy).** Retrograd we fiksasion amneziýalar, psewdoreminissensiýalar hem-de käbir halatlarda konfabulýasiýalar, dezoriýentirowka, tankydy garaýşyň ýitirilmegi Korsakowyň sindromynyň esasy düzüjileri bolup durýarlar. Ol arakhorlarda, asfiksiýalarda, kömürturşy gazy bilen zäherlenmelerde, ýokanç kessellerde, kelle şikeslenmelerinde we beýniniň gaýry gödek zeperlenmesinde duş gelýär. Korsakowyň alamatlar toplumyndaky ýatkeşligiň (mnestik) bozulmalary birnäçe hepdeden birnäçe aýa, hatda ýyllara-da çekip, uzak dowam edýär. Adatça, başlanyşy ýiti görnüşli bolýar: alkogol deliriýsinden çykylanda, komatoz (bihuş hala ýetilen) serhoşlykdan, beýni şikeslenmeden soň duş gelýär. Amnestiki bozulmalardan daşary, näsaglarda gowşaklyk, işe eli barmazlyk, daş-töweregindäki zatlara biperwaýlyk ýaly ýagdaýlar peýda bolýar. Bu ýagdaýlary olarda dörän psihiki işjeňligiň tutuşlaýyn peselenliginden görmek bolýar. Adatça, näsaglar durmuşyň iň bir sada, ýönekeýje iş-aladalarynda-da nalajedeýinlik görkezýärler, ýagny özleriniň ýatyp-turýan ýorgan-düşeginiň nirededigini ýadyndan çykarýarlar, köçä çyksalar öz ýatýan otagyna dolanyp barmaly ýoluny tapman kösenýärler. Gahar-gazaba münmek, öz janlaryna kast etmek ýaly meýilleri bolmasa-da, olary psihiatrik hassahanasyna ýerleşdirmek zerurdyr. Olar dünýäden doýan ýaly bolup hiç zat bilen gyzyklanmaýarlar, söhbetdeşlige-de känbir döwtalap bolup durmaýarlar. Olaryň ünsi durnuksyz, ýüzleý bolýar. Öz keseline ýüzleýräk hem bolsa tankydy garaýyşlary bolýar, ýöne köplenç halatda näsaglar öz ýatkeşliginiň peselendigini çişirip görkezmäge ýykgyn edýärler, beren soragyňa başgarak jogap gaýtarýarlar, arasynda ýerliksiz wäşiligi-de salýarlar, söhbetdeşiniň ünsüni sowmak üçin bolsa garşylyklaýyn soraglar berýärler. Olaryň keýpleri hoşwagt, gaýgy-gamsyz, hatda keýpi çaglanyp göterilen ýa-da tersine, biperwaý, hemme zatdan doýgun ýaly bolýar. Näsaglary geljekki durmuşy

birahatlandyrmaýar, häzirki durmuş bolsa ne begendirýär, ne-de gynandyrýar. Huşlaryndaky boşluklary näsaglar psewdoreminissensiýalar we konfabulýasiýalar bilen doldurýarlar, ýöne olary hemişe däl-de, diňe soraglar berlende ýüze çykarýarlar. Adatça, näsaglaryň oýlanyş ukyby öz işjeňligini ýitirýär, emma deslapky toplan bilimleri welin saklanýar. Näsaglaryň pikir ýöredişinde köpsanly gödek ýalňyşlyklar goýberilýär, hatda manysyz boş gürrüňler hem aýdylýar. Näsaglaryň gep-gürrüňleri sözlere garyp bolup, şol bir manyly sözleri köp gaýtalaýarlar, bolgusyz pirimli aýlawly gürrüňler edýärler. Şu alamatlar toplumynyň getirjek netijesi näsaglaryň ýaşyna hem keselbentlige dogabitdi ýykgynlygynyň çuňňurlygyna bagly bolýar. Ýaş näsaglarda keseliň soňky netijesi sagalmagy, huşunyň bolsa doly dikelmesi bilen tamamlanýar. Alkogol ýa-da damar ensofalopatiýaly ýaşy birçene baran näsaglarda keseliň kemakyllyk ýa-da huşunyň doly dikelmezligi, ýagny aýdyň gipomneziýanyň ýüze çykmagy bilen tamamlanýar.

**Barha beterleýji amneziýa alamatlar toplumy (sindromy).** Beýniniň tutuşlaýyn organiki zeperlenmelerinde, ýagny garrylykda, beýni damar ýa-da atrofik bozulmalarda amnestiki bozulmalar beterlemäge ýykgynly bolup, durnukly huş ýetmezçiligi bilen utgaşýar. Barha beterleýji amneziýa alamatlar toplumy Korsakowyň alamatlar toplumyndan känbir tapawutlanmaýan fiksasion amneziýanyň hem-de çägi barha giňelýän retrograd amneziýanyň barlygy bilen häsiýetlenýär. Ýatkeşlik wagty aňşyrmak babatda zeperlenýär, näsag şu wagtky wakalary ýatda saklap bilmeýär, öňki zatlar welin ýadynda. Ýöne wagtyň geçmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan öňki zatlar hem ýadyndan çykyp, diňe çagalyk döwürleri ýadynda galýar. Iň soňunda ol hem unudylýar. (Ribonyň kanuny). Ýaňy-ýakynda ýatda galdyrylan, hakydada ýeterlik derejede berkidilmedik we tertipleşdirilmedik maglumatlar ýatdan çykarylýar. Meselem, näsag özüniň şu wagtky ýaşaýan jaýynyň salgysyny ýadyndan çykaryp, köp ýyl mundan ozal ýaşan jaýynyň salgysyny berýär. Munuň tersine, birçaklar ýatda galyp, ençeme gezek ulanylan we mazaly tertipleşdirilen gaýry material bolsa huşda uzak saklanylýar. Gijräk kabul edilen zatlaryň ýatdan çykarylmagy bilen bir hatarda, huşuň gorundaky köneki zatlar ýada düşýär (ýüzleýräk gipermneziýa). Ýöne olar hem biraz gijräk ýatdan çykýar. Huşuň köne gorunyň maglumatlarynyň täzeden dikeldilişi maksadalaýyk ugrukdyrylan häsiýetli bolman, tötänlikde döreýän ýagdaýdyr. Tanamak prosesi hem gödek bozulmalara duçar bolýar. Daş-töweregindäki adamlarda näsaglar özleriniň köne tanyşlaryny, çagalyk dostlaryny görýärler. Keseliň beterlän wagtynda näsag, hatda özüniň aýnadaky keşbini hem tanap bilmeýär. Ol şol aýnada başga biriniň ýüz keşbini görüp, onuň bilen gürrüňleşip başlaýar, kä halatda bolsa jedelleşýär we ş.m. Näsaglaryň ünsi ep-esli gowşap, olaryň wagt babatdaky, ýaş babatdaky dogry pikirlenmesi bulaşýar. Daş-töwerekdäki ýagdaýa dogry düşünmek, geçmiş wakalaryny yzygiderlilikde ýatlap bilmek ukyby bozulýar (hronologik yzarlaýjylygy ýitirmek). Şeýle hem giňişlikdäki optiki gatnaşyklaryň bozulmagy, ýagny näsagyň töweregindäki

zatlar bilen öz aralygyndaky uzaklygy, olaryň özara ýerleşişini, ugruny kesgitläp bilmezligi mümkindir.

Kabul edilýän zatlaryň ählisi takyk däl, aralary bölünip açylan, dagynyk ýaly görnüp, bitewi bir zady aňladyp bilmeýär. Şonuň üçin hem näsaglarda täze durmuş tejribesini almak ukyby ýitirilip, olaryň ruhy ösüşi togtaýar.

Çalşyryjy (ýerini dolujy) konfabulýasiýalaryň, adatça, şol ýerde orny bolmaýar ýa-da tötänlikde dörän häsiýetli bolýar. Ýöne welin, has aýdyň ýüze çykan halatlarynda geçmişiň durmuş fenomeni diýilýän ýagdaý ýüze çykyp, 85-90 ýaşly näsag aýal erjellik bilen özüniň 19 ýaşly gyzdygyny tekrarlap, söýgülisiniň, oňa öýlenjek bolýan ýigidiň gelerine garaşýandygyny, şonuň bilen metjide (buthana, nikalar öýüne) gidip nikalaşjakdygyny aýdýar. Töweregindäki näsaglary hem-de medisina işgärlerini joralary hasaplaýar, şepagat uýasyna «Eje» diýýär, gyz agtyjagyny uýasy hasaplaýar we ş.m. Barha beterleýän amneziýanyň netijesi – psihikanyň çuňňur dargamasy, marazma (huşsuzlyk, aňkaň aşmasy) ýetmesi we goşmaça döreýän somatogen kesellerden haýallap, ölüm bilen tamamlanmagyna getirýär.

Ýat (huş) bozulmalarynyň psihopatologik alamatlarynyň üstüni açmak üçin şeýle soraglar berilýär:

• Siziň huşuňyz peselen-ä däldir?
• Siziň ýatkeşligiňiz gowumy, erbetmi?
• Okan zatlaryňyz ýadyňyzda gowy galýarmy ýa-da ony köp gezek okap ýat tutmaly bolýarmy?
• Meniň adym siziň ýadyňyzdamy?
• Siz hassahanada näçe wagtlap ýatanlygyňyzy aýdyp biljekmi?
• Şu gün aýyň näçesi?
• Siz şu wagt nirede?
• Siziň töweregiňizdäki adamlar kimler?
• Şu gün ertirlik naharda näme iýdiňiz?

## 10-njy bap. Pikirlenmäniň bozulmalary. Pikirlenmäniň (oýlanmanyň) patologiýasy

***Pikirlenmäniň (oýlanmanyň) patologiýasy (keselli ýagdaýy)*** – onuň okgunlylygynyň, düzülişiniň we mazmunynyň bozulmasy bilen häsiýetlenýär.

***Pikirlenmäniň okgunlylygynyň tizleşmesi*** – bu sözleýşiň çaltlaşmasy bolup, tötänlikde peýda bolan mehaniki görnüşli birleşdirmeleriň (assosiasiýalaryň) agdyklyk etmegi we kapyýalaşdyrma ýykgyn edilmekligiň üsti bilen özüni aýan edýär. Tötänlikde peýda bolan assosiasiýalar näsagyň edip oturan gürrüňiniň mazmunyny üýtgedýär. Şol sebäpli hem onuň gürrüňi soňlanylmadyk häsiýetli, çy-

karýan netijesi bolsa howul-hara, köplenç halatda nädogry bolýar. Pikirlenmäniň tizleşmegi bilen bilelikde geçýän keýpihonlyk we daş-töweregindäkilerden özüni gopbamsy tutmagy näsaga öz ýalňyşlyklaryna tankydy göz bilen garamaga päsgel berýär. Ýöne şeýle-de bolsa, näsaglar aşa samsyklaç, akyla sygmajak zatlary aýtmaýarlar. Pikirlenmäniň tizligi göterilip, has okgunly ýagdaýa ýetende «Ideýalaryň biri-birinden öňürtilemesi» (fuga idearum) diýilýän ýagdaý döreýär. Näsagyň aýdýan sözleri üzlem-saplam, düşünmesi kyn bolýar. Onuň dili pikirlenişine eýerip ýetişmeýän ýaly görnüp, jümleleriň diňe käbir bölekleri aýdylýar. Pikirlenmäniň tizleşmegi dürli sebäplere görä dörän maniakal ýagdaýlarda, şeýle-de keýpihoşlyk bilen geçýän zäherlenmelerde, meselem, gaty çuň bolmadyk alkogol serhoşlygynda duş gelýär.

***Pikirlenmäniň okgunlylygynyň peselmesi*** hyýala getirmeleriň haýaljakdan çalyşmasy bilen häsiýetlenýär. Adatça, oňa sözleýiş-hereketiň haýallamasy mahsus bolýar. Oýlanyşyň peselmesinde emosional taýdan ýaramaz öwüşginli pikirler agdyklyk edýär. Kähalatlarda hyýala getirmeleriň çalşyrylmasy düýbünden bolmaýar we aň-huşda ýeke-täk bir pikir uzak wagtlap höküm sürýär. Şeýle ýagdaýdaky pikirlenme «Ýeke pikirlilik» diýlip kesgitlenilýär. Şeýle näsaglarda pikirlenme akyl ýetirişiň guraly bolmagyny bes edýär we onda pikirlenişiň ugrukdyrylmasy diýlen zat asla bolmaýar. Pikirlenmäniň haýallamasy dürli sebäplere görä dörän depressiw ýagdaýda, şeýle-de ýeňil derejeli seňselemelerde duş gelýär.

***Persewerasiýalar*** – beýniniň damar zeperlenmesinde dörän kemakyllykda, ýaşy birçene baranlaryň beýnisindäki atrofiki proseslerde, garaguşagyryda has ýygy duş gelýär. Şonda pikiriň bulaşmagy zerarly, näsaglar ilkinji berlen soraga jogap berýär we soňky sowallara-da diňe şol beren jogabyny gaýtalap durýar.

***Werbigerasiýalar*** – munda näsaglar bir zady üýtgewsiz, birsydyrgyn gaýtalaýar, käteler aýry-ayry sözleri özleriçe kapyýalaşdyryp, manysyz sesleri biri-birine utgaşdyryp, hetjikläp gaýtalaýarlar. Şu alamat köp halatda ritmiki hereketlenme bilen geçýär: näsaglar yranyp, hallan atýarlar, başlaryny ýaýkaýarlar, şol bir wagtda-da «ýatyryn-ýatyryn, patyryn-patyryn, çygylýan-çygylýan, mygylýan-mygylýan seredýän-seredýän» ýaly sözleri öwran-öwran gaýtalaýarlar. Werbigerasiýalar katatoniki ýa-da gebefreniki alamatlar toplumlarynda duş gelýär, şeýle-de olar şizofreniýa üçin hem häsiýetlidir.

***Bir aýdylany gaýtalamak (togtadylan aýlawlar)*** – söhbetdeşligiň dowamynda näsagyň bir aýdan zadyny üýtgewsiz gaýtalamagy, şol bir pikirine gaýta-gaýta dolanyp gelmegidir. Bir aýdanyňy gaýtalamak huşuň peselmeginiň, pikirleriň boşaňkyrlamagynyň alamatydyr. Bu ýagdaý beýniniň atrofiki kesellerinde, garrylyk kemakyllygynda, Pikiň keselinde, garaguşagyry kemakyllygynda duş gelýär.

***Detalizasiýa*** – bu düýpli bir manysy bolmadyk, ikinji derejeli ownuk-uşak zatlaryň şol bir çintgelip, gepiň uzaga çekdirilmegidir. Şunda pikirlenmäniň yzygi-

derliligi, önjeýliligi we maksadalaýyk ugrukdyrylyşy bozulmaýar-da, diňe pikirleniş prosesi uzaga çekdirilýär.

***Pikirlenmäniň jikme-jiklendirilmegi*** – şol bir goşmaça assosiasiýalary yzygiderli gaýtalap durmak bilen utgaşýan jikme-jikliklериň üstünde köp döwnelip durulmagynda esasy pikire gaýtadan dolanyp gelinmegidir.

***Bir pikiriň uzaga çekdirilip aýdylmagy*** – aýdyljak bolunýan pikiriň hetjiklenmeginiň, jikme-jiklendirmekligiň aňrybaş derejesidir. Munda detalizasiýa ýöredilýän pikiriň esasy ugruny bulaşdyryp, şeýle bir ýoýýar welin, aýdylýan zatlara asla düşüner ýaly bolmaýar, pikirleniş bolsa önjeýsiz bolýar. Näsaglar edilýän gürrüňiň esasy ugruny saklap bilmek ukybyny ýitirýär, ownuk-uşak zatlar barada köp gürläp gürrüňiň, esasan, näme barada gidýänligini ýatdan çykarýarlar. Olar goşmaça assosiasiýalardan saplanyp bilmeýärler. Şu toparyň alamatlary şol bir psihopatologik ýagdaýyň, ýagny pikirlenmäniň kynçylyk bilen geçmesiniň (regidligiň, inertligiň, torpidligiň) agyrlaşýandygy bilen häsiýetlenýär.

***Pikirlenmäniň gurluş düzüminiň (strukturasynyň) bozulmalary.*** Pikirlenişiň gurluş düzüminiň bozulmalaryna rezonýor pikirlenme degişlidir. *Rezonýor pikirlenme* – bu boş, maksadalaýyk ugrukdyrylmadyk pikirlenmedir, düýpli bir manysy bolmadyk zatlar barada ýaňrap, akyl satmadyr. Adatça, olaryň mazmuny sadaja ündew-nesihat bermekden, uly ile belli bolan atalar sözlerini, sofizmleri aýtmakdan, ahlak taýdan ýörgünli bolan hakykaty beýan etmekden we ş.m. ybaratdyr. Olaryň edýän gürrüňleri grammatiki taýdan dogry düzülen bolýar, ýöne olarda köp sözlülik, ortalyk we hal işlikleri, giriş sözleri we ş.m. gereginden artyk ulanylýar. Şeýle pikirlenme önjeýsiz bolýar. Şeýle pikirleniş tejribä daýanmaýanlygy sebäpli, çürt-kesiklik, galyberse-de, onda umumylaşdyrma bolmaýar. Şol sebäpli hem ol abstrakt pikirlenmä degişli däldir. Rezonýorlygyň aýratyn ýüze çykyp bildirmesi pikirlenişiň tendensizligidir, ýagny şol bir zat barada gapma-garşylykly pikir ýöretmedir. Muňa metafiziki akyllysyramagy hem goşmak bolar. Rezonýorlyk şizofreniýanyň başky döwründe, psihopatiýalaryň käbir görnüşlerinde ýüze çykýar.

***Pikirlenmäniň birden başga ugra gönükmegi*** – bu söhbetdeşi üçin düşnüksiz, pikir ýöredişiň dogry yzygiderliliginiň saklanman, bir pikirlenmeden beýlekи pikirlenmä gönükmegidir. Pikiri birden başga ugra gönügende näsaglar aýdyp oturan gürrüňini dowam etmäge ukyply hem bolsalar, olar şol wagt goýberen ýalňyşlyklaryny düzetmeýärler. Temadan sowa geçilmekden tapawutlylykda pikirlenmäniň bu görnüşinde pikirlenişiň tizligi güýçlenmeýär. Şonuň üçin hem adaty pikirlenmä mahsus bolan zatlar saklanyp galýar, ýöne tutuşlygyna alanyňda onuň önjeýliligi peselýär.

***Parologik pikirlenme*** logiki taýdan dogry bolan maglumatlardan yzygiderli bolmadyk netije çykarylmagydyr. Şunda yzygiderli alnyp barylýan gürrüňden «tyrpylma», ýagny pikiriň başga ugra gönükmegi ýa-da berilýän soraglara «sowa jogaplar» berilmegi ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar. Çagalarda köplenç halatda nädogry

psihologik umumylaşdyrma arkaly barlaglar geçirilende ýa-da duýdansyz ýagdaýda çagalardan suratly kagyzlaryň manysyny düşündirmek talap edilende parologik pikirlenişiň üsti açylýar.

***Böleklenen (ataktik) pikirlenme*** ilkinji sözlemiň çäklerinde manynyň ýitirilmegi bilen häsiýetlenýär. Bir sözlemde häli-şindi gapma-garşy, biri-birini ret edýän düşünjeler birleşdirilýär. Şol sebäpli hem näsaglaryň gürrüňleri düşnüksiz, samsyklaç, manysy ýoýlan, ugur-utgasyz bolýar. I.P.Pawlow ataktiki pikirlenmäni örän jaýdar şekillendirip, «Ýoly urdurylan bozuk pikirler» diýip belläpdir. Eger-de şunda sözleriň grammatiki gurluş tertibi saklanylýan bolsa, onda şeýle ataktiki gürrüň şizofaziýa diýlip atlandyrylýar. Eger-de sözleýşiň grammatikasy bozulan bolsa (agrammatizm), onda oňa «sözleýşiň ýyrtylyp böleklenmesi» diylip at berilýär. Şizofreniki sözleýişde dürli görnüşli geň-enaýy utgaşdyrmalarda aýry-aýry sözler däl-de, söz bogunlary we sesler ulanylyp, dargadylmanyň aňrybaş çägine ýetirilen bolsa, onda ol «sözleýiş okroşkasy» (bir-birine bagly bolmadyk, manysyz sözler toplumy) diýlip atlandyrylýar. Şunda dürli görnüşli şeýle ses utgaşdyrmalaryny näsag özüniň döreden täze sözleri hökmünde kabul edýär (neologizm). Meselem, «plazmoutýan – köp ýygnandy, fuest-syýa tüýkürdi» diýmegi aňladýar. Täze oýlanyp tapylan şu sözleriň manysyna diňe näsagyň özi düşünýär.

***Bir wagtyň özünde birnäçe pikirleriň peýda bolmagy (mentizm).*** Şeýle pikirlenmede käbir prosesler näsagyň öz erkine bagly bolmaýar we olar öz pikirlerini ugrukdyrmany başarmaýarlar. Kelledäki pikirleriň başly-barat gelip-geçýän güýçli akymyndan ýaňa näsagda ejirli ýagdaý döreýär. Näsaglar pikirleriniň «bir pikirden beýleki bir pikire böküp durmagyndan», «biri-birleriniň öňüni kesýänliginden», «biri-birlerine garjaşýanlygyndan» we ş.m. şikaýat edýärler.

***Pikirlenmäniň togtamasy*** (şperrung) diýlip, «kelläm boşap galdy», «pikirlerim ýitirim boldy» diýen ýaly duýgulara aýdylýar. Şu alamatlaryň zor bilen edilme häsiýetliligi näsagda kimdir biriniň oňa pikirlenmäge päsgel berýändigi, onuň oý-pikirini ýörite ugrukdyryp oturandygy ýaly müňkürligiň döremegine getirýär. Mentizm we şperrung, köplenç halatda, şizofreniýada duş gelýän ideator awtomatizminiň ýüze çykmasydyr.

***Autistik pikirlenme*** öte dymmalyk, kellesindäki oý-pikirlere, hyýaly toslamalar dünýäsine batmak, hakyky dünýäden örküni üzmek bilen häsiýetlenýär. Pikir pikirden döredilip, netijede-de näsagyň pikirlenmesi daraldylan, çäkli görnüşdäki bir pikirleriň tükeniksiz gaýtalanylyp durulmagyna ýazdyrylýar. Pikirlenmäniň şu görnüşi, köplenç halatda, şizofreniýada duşýar.

***Simwol (nyşan)*** – zatlaryň şekili ýa-da şertli belgi bolup, haýsydyr bir zadyň, ýagdaýyň, düşünjäniň ýa-da ideýanyň nyşany, belgi alamaty bolup hyzmat edýär. Simwollar dürli görnüşde – söz, grafiki belgiler, reňkler, üm-yşaratlar, suratlar, şekiller ýaly köpsanly görnüşde bolýarlar. Meselem, eli terezili gözleri daňylgy aýal heýkeli (Femida) adalatlylyk baradaky düşünjäni aňladýar. Şunda düşünjäniň

belgisi hökmünde hut şol şekil hyzmat edýär. Sifralar – möçber, san baradaky düşünjeleriň, grafiki suratlandyrylyşyny görkezýär. Simwol – şertli belgi bolup, köplenç halatda, özbaşdak ähmiýetli obýekt bolman, ol ýa-da beýleki bir ýagdaýyň görkezijisi hükmünde hyzmat edýär.

***Simwolik assosiýasiýalar*** – biri beýlekisine bap getirilmän, çalyşmaklygyň netijesinde abstrakt düşünjeleriň we çürt-kesik şekil hyýala getirmeleriň arasyndaky içki many we sebäp baglanyşygynyň bozulmagydyr. Näsaglaryň gürrüňindäki abstrakt düşünjeleridir oý-pikirleri hem-de olaryň pikirlenmelerden netije çykaryşy, kä çürt-kesik düşünjeler, käte bolsa şolar bilen içki baglanyşygy bolmadyk başga bir abstrakt kategoriýalar bilen çalşyrylýar. Bozulmanyň şu görnüşi, esasan, şizofreniýa häsiýetli bolýar. 25 ýaşly näsag zenan miwe şänigini gysymynda ýygşyryp saklaýarda: «Şänik ýekeje, diýmek, menem ýalňyzlyga uçradylan betbagt», 27 ýaşly näsag zenan bolsa: «Meniň öňümde agzy açyk gaýçy ýatyr, diýmek, maňa gutulgysyz ajal garaşýar» diýip, şolarda öz ykballarynyň nyşanlaryny görýändiklerini belleýärler.

***Söz utgaşyksyzlygy*** – aňyň bulaşan, garyşyk ýagdaýynda gürrüňiň yzygiderli beýan edilişiniň we grammatiki gurluşynyň bozulmasydyr. Şunda sözleýiş aýdylyp gutarylmadyk jümleleriň toplumyndan, üzlem-saplam aýry-aýry sözlerden we söz düzümlerinden, näsagyň gözüne ilen zatlary hakynda samramagyndan ybaratdyr. Baglanyşyksyzlygyň has aýdyň ýüze çykan görnüşi inkogorensiýa diýlip atlandyrylýar. Ol, esasan, amensiýalarda duş gelýär. Şeýle ýagdaýdaky näsag bilen düşünişip, gep-söz alşyp bolmaýar, çünki ol özüne aýdylýan sözleri eşitmeýär hem-de oňa düşünmeýär.

**Pikir ýöretmegiň we netije çykarmagyň patologiýasy.** Bu bölüme pikirlenmäniň mazmunynyň bozulmalary degişlidir. Oňa akyl-huş taýdan bozulmalary bolan adamlardaky samramaly, ýokary ähmiýetli ideýalar, irizegen ideýalar, samrama görnüşli hyýaly toslamalar (fantaziýalar) we ýönekeý, sadaja patologik pikirler degişlidir.

**Paranoid (patologik müňkürlik)** diýip kesel netijesinde döreýän ýalňyş pikir ýöretmä we netije çykarma aýdylýar. Paranoid keselinde näsagyň aňyny gaplap alan bu ýalňyş pikirlenmäniň we netije çykarmanyň nädogrudygyny düşündirip, ynandyryp bolmaýar. Paranoid diňe psihozlarda gabat gelýär. Paranoidiň döremeginiň öňüsyrasynda hemişe «paranoid keýpi», özüňi oňaýsyz hem biparh duýmak, düşündirip bolmajak güýçli howsala we içki dartgynlyk hem-de şolar bilen baglanyşykly bolan kabul edilişiň ýoýulmasy ýaly ýagdaýlar bolup geçýär. Köplenç halatda beýniniň tutuşlaýyn, barha beterleýji organiki keseli, meselem, beterleýän paraliç, beýni aterosklerozy we beýniniň gaýry organiki keselleri sebäpli döreýän aň-huşuň peselmesi, psihotiki ýagdaý paranoidiň düzülişini özgerdýär. Kemakyllykdaky paranoidiň mysallary hökmünde megalomaniki *ketdeparazlyk-özüňi beýik saýmak* alamatlar toplumyndaky nigilistik paranoidi görkezmek bolar. Paranoiddäki özüňi beýik saýmagyň çuňlaşmasy keseliň soňky netijesiniň ýaramaz

boljakdygynyň, derdiň uzaga çekip, kemakyllygyň beterläp agyrlaşjakdygynyň alamatydyr.

Amensiýa, deliriý ýaly aňyň bulaşma alamatlar toplumynda has aýdyň ýüze çykýan pikir bozulmalarynda näsagyň nygtaýan samramalary üzlem-saplam bolup, bir bitewi ulgama ornaşdyrylmadyk bolýar. Paranoidli näsaglaryň huşunyň bozulmalary paranoidiň esasy görnüşiniň, ýagny konfabulýator görnüşiniň güýjemegine getirýär. Paranoidiň konfabulýator görnüşi mazmuny boýunça hyýaly toslama we geň-enaýy samramalardan ybaratdyr. Şonda paranoid näsagyň öz geçen durmuşyndan alnyp ýatlanylýan ýaly bolýar. Näsagyň şähdiniň açylyp, keýpiniň göterilmegine ketdeparazlyk we megalomaniki paranoidiň ikisi hem sebäp bolýar. Megalomanik paranoid ketdeparazlyk samramasyndan edýän pikirleriniň heňe gelmeýänligi hem-de has giň möçberliligi bilen tapawutlanýar. Bu ýagdaý keseliň dowam edýän döwründe akyl-paýhasyň peselmegi bilen şertlenýär. Näsag zemin bilen asmany özüniň döredendigini, älemiň hökümdarydygyny, ölmez-ýitmez bakydygyny yglan edýär.

***Belent nesildenlik paranoidi*** položitel (güýçli), steniki duýgular (emosiýalar) bilen bilelikde geçýär. Şeýle näsaglaryň akyly, adatça, özgermän saklanýar, ýöne olar ýanbermez erjellik bilen özüniň haýsydyr bir beýik şahs, meselem, meşhur syýasy işgär bilen ýakyn garyndaşdygyny nygtaýarlar.

Depressiw affekte, köplenç halatda öz-özüňi günäkärleme paranoidi goşulyp, näsaglar özlerini elhenç jenaýatlar etmekde aýyplap, gaýragoýulmasyz jeza berilmegini talap edýärler. Beýik Watançylyk urşy döwründe ýaralanmadan soňky ýokanç kesellerden dörän psihozly näsaglaryň, uruş gidip duran wagty özlerini atyp, öz synasyna şikes ýetirendikleri üçin işine Harby tribunalda seredilip «Watana dönüklik edendigi hem-de namartlandygy» üçin atuw kararynyň çykarylmagyny talap eden ýerleri hem bolupdyr.

Dürli görnüşdäki paranoid (beýan ediliş, suratlandyrylyş) howsalaly affektiň täsir etmeginde kemala gelýär. Olary iki sany esasy topara, ýagny *howsalaly-steniki* (batlylara) we *howsalaly-asteniki* (gowşaklara) görnüşli paranoidlere bölmek bolar. Howsalaly-steniki görnüşe yzarlaýjy we gabanjaňlyk paranoidi, howsalaly-asteniklere bolsa, aýratyn ähmiýetli garaýyşlar, dismorfofobiki, ipohondriki, nigilistiki hem zyýan ýetiriji paranoidler girýär.

***Yzarlanyşly paranoidde*** näsag töweregindäkilere ganym duşmanlary hökmünde müňkür bolýar we olara ynamsyz garaýar. Köplenç halatda, ol özüniň garşysyna töweregindäkileriň dildüwşük gurnaýandyklaryna bütin durky bilen ynanýar. Ol şolaryň jenaýatly hereketleriniň subutnamalaryny gözläp, olary aňsatlyk bilen tapýar, olardan gizlenmäge çalyşýar, öz janyny halas etmek üçin ýaşaýan ýerini üýtgedýär, dürli hukuk goraýjy edara-guramalara ýüz tutýar.

***Gabanjaňlyk paranoidi*** (halk arasynda «was-was» keseli hem diýilýär), köplenç halatda, ýaşy 40-dan geçen erkek adamlarda duşup, alkogol psihozlarynyň

görnüşleriniň birine girýär, ýöne ol şizofreniýada-da, damar psihozlarynda-da duş gelýär. Gabanjaňlygyň paranoidli häsiýeti, esasan, günä bildirmekligiň samsyklaçlygy bilen has aýdyň ýüze çykýar: tötänlikde geçip barýan nätanyş adamdan, çagalardan, gojalardan, hatda ýakyn hossarlaryndan hem maşgalasyny çyny bilen gabanýar. Esassyz müňkürliginde döreýän çaklamalaryny «barlamak» üçin näsaglar mekirlik bilen duzaklar gurýarlar, gözegçilik etmek üçin goňşy jaýyň üçeginde gözegçilik desgalaryny gurnaýarlar, gyrymsy agaçlaryň arasynda gizlenip garawulçylyk edýärler, iş saparyna giden kişi bolup, garaşylmadyk wagtda duýdansyz peýda bolýarlar we ş. m. Gabanjaňlykly paranoid esasynda juda elhenç jenaýatlar, urupsögüp horlamak, zabunlyk bilen gynamak, hatda adam öldürmek ýaly hereketler hem bolup geçýär.

Howsalaly-asteniki paranoid topary özüňe ynamyň bolmazlygy, töwerekdäkilerden heder edip, şolara garaşlylygy, baknalygy duýmak ýaly alamatlar bilen häsiýetlenýär, paranoidiň mazmuny näsagyň hut özüne, şonuň içki dünýäsine gönükdirilen ýaly bolýar.

***Gatnaşyk paranoidinde*** näsag töweregindäkileriň ähli hereketlerinden, hatda hiç bir zyýanly hereketi aňlatmaýan edim-gylymlaryndan hem özüni ýekirilýän, kinaýa bilen ýaňzydylýan, gyjalat berilýän ýaly manylary çykarýar. Geçip barýanlaryň her bir üm-yşaratlary onuň masgaralaýjy başdan geçirmelerinden, ätiýaç gorkularyndan, howsalasyndan «habarlydyklaryny» beýan edýän, üstünden gülüp masgaralaýan ýaly bolup görünýär. Paranoidiň şu görnüşine ýakyn durýanlaryň biri aýratyn ähmiýet berilýän paranoid bolup, şonda-da aýry-aýry wakalarda, tötänlikde ýüze çykarylan edim-gylymlarda näsag hut öz şahsyna degişli bolan manyny tapýar. Adatça, gatnaşyk paranoidi we aýratyn ähmiýetli paranoid psihozlaryň başlangyç döwrüne mahsus bolup, aljyraňňylyk, töwerekde bolup geçýän zatlary ýeterlik derejede aňşyrmazlyk, düşünmezlik bilen utgaşyp geçýär.

***Dismorfofobik paranoidde*** näsagyň synasynda gözeilginç syna kemisliginiň barlygyna esaslandyrylmadyk ygtybarly ynamy bolýar: gulaklarynyň ýelken ýaly uly hargulaklygy, eginleriniň bitaý terezi ýaly biriniň aşak, beýlekisiniň ýokarylygy, gyzlaryň göwüsleriniň küýze ýaly güberilişip duran biçak ululygy ýaly näsazlyklaryň duýulmagy bilen häsiýetlenýär. Näsaglaryň käbirleri, aýratyn hem ýetginjek ýaşyndakylar endamyndan deriň ýa-da dölüň ýakymsyz ysynyň gelýänligi barada (dölüň ýakymsyz ysy masturbasiýada peýda bolýar) şikaýat edýärler. Bular barada näsaglar töweregindäkileriň özlerini alyp baryşlaryndan aňýandyklaryny: burunlaryny elýaglygy bilen örtüp, ýüzlerini kürşerdişip sowuşlaryndan, ýaňsyly içýakgyç gülkülerinden, göz gypyşmalaryndan çak edip düşünýändiklerini aýdýarlar. Paranoidiň sýužeti boýunça näsaglaryň özlerini alyp baryşlary birdenkä özgerýär: olar adamlardan gaça durup, jemgyýetçilik ýerlerine barmagy, köpçülige çykmagy kesýärler, işinidir okuwyny taşlaýarlar, lukmana ýüz tutup, plastiki operasiýa etmeklerini haýyş edýärler, öz janlaryna kast etmäge-de synanyşýarlar.

***Täsir ýetiriji paranoid*** näsaglaryň pikiriçe yzarlanyş tehniki serişdeler arkaly (şöhleler, apparatlar, elektromagnit meýdanlar) ýa-da uzak aralykdan distansion ugrukdyrylan psihiki täsiri ýetirme arkaly (gipnoz, telepatiýa, jadylama) amala aşyrylýan ýalylygy duýmak bilen tapawutlanýar.

Täsir ýetiriji paranoid psihiki awtomatizm alamatlar toplumynyň möhüm bölegi bolup durýar. Ol şizofreniýany kesgitlemekde uly ähmiýete eýedir.

***Zäherlenme paranoidi*** näsaglar iýmitlerine zäher garylýanlygy, ýaşaýan jaýyna zäherleýji gaz goýberilýänligi barada ynam bilen tekrarlaýarlar. Şu ýagdaýda, köplenç halatda, tagam duýuş ýa-da ys alyş gallýusinasiýalary utgaşýar. Zäherlenme paranoidi diňe bir şizofreniýada bolman, kähalatda inwolýusion psihozly näsaglarda-da duş gelýär.

***Maddy zyýan ýetiriliş paranoidi*** ýaşy gaýdyşan adamlarda ýüze çykyp, yzarlaýjylar hamala diýersiň olaryň azyklaryny ogurlaýan, öý goşlaryny zaýalaýan, gap-gaçlaryny kül-uşak edýän, mebellerini döwüşdirýän ýaly bolýar.

***Şermende şikaýatkärler paranoidinde*** şermende, dawaçy näsaglar dürli edaralara ýüz tutup, «jenaýatkärlere» çäre görülmegini talap edýärler.

***Ýasama jögülikli paranoid,*** köplenç, ýiti psihozlarda duş gelýär. Bu ýagdaýda näsaglar özüni gurşap alýan adamlaryň aslyýetinde polisiýa gullugyndakylar ýa-da köp wagtlap duşmadyk ýakyn adamlary bolup, lukman hökmünde bolan bolup, aldamaga synanyşýan näkeslerdigi barada ynam bilen aýdýarlar.

***Depressiw paranoidli*** näsaglarda agdyklyk edýän gamgynlyk hem göwnüçökgünlik ýaly duýgular bilen gönümel baglanyşykly bolup, köplenç halatda, näsagyň öz janyna kast etmegine hem sebäp bolýar. Näsaglar özlerini zabunlyk bilen gynap, iýip-içmekden ýüz öwrüp, öz-özlerini köseýärler. Seýrek hem bolsa kast edilmäniň ýaýbaňlandyrylan, ýagny näsagyň diňe bir öz janyna kast etmek bilen çäklenmän, «geljekki durmuşyň sütemli jebir-jepalaryndan halas etmek üçin» çagalarynyň, gartaşan ata-enesiniň janlaryna kast edip, heläkleýän ýagdaýlary hem duş gelýär.

Depressiw paranoidiň has köp duşýan görnüşleriniň biri *öz-özüňi günäkärlemek* we *öz-özüňi kemsitmek* paranoididir. Näsaglar agtyklarynyň ölümine, ýanýoldaşynyň näsaglanlygynda özlerini günäkärleýärler, jenaýata barabar sowuk-salalyk edip, özlerini biperwaý alyp barandyklaryny, töweregindäkileriň göwünlerini ýykyp, olary nähak ýere masgaralandyklaryny tassyklap, öz-özlerini kötekleýärler. Şeýle-de, olar özlerini hiç zada mynasyp bolmadyk, püçege çykan sansyz, hiç zadyň alnyndan bolmadyk ysnat, ukypsyz, nalajedeýin hasaplaýarlar: hossarlaryna diňe betbagtçylyk getirýändiklerini ynamly aýdýarlar. Şu alamatlar dindar, hudaýhon näsaglarda özlerini günä işleri köp etmekde aýyplaýan paranoid görnüşine geçýär. Olar özlerini hiç zadyň alnyndan bolmadyk bolgusyz, nalajedeýin, ynsanlyk borjuna, dini parzyna dönüklik eden bihaýa adam saýýarlar. Durmuşda hiç bir peýdaly iş bitirmändiklerini, maşgalasyna köpsanly betbagtçy-

lyklar getirip, ata-enelerini kän gezekler gynandyrandyklaryny nygtap, özlerini ýowuz kötekleýärler.

**Ipohondrik paranoidde** näsaglar özlerinde howply çiş, süýjüli (diabet) keseli, AIDS ýaly howply, agyr hem uýat keselleriň barlygyndan şikaýat edip, lukmanlara yzygiderli ýüz tutýarlar, barlaglar geçirip bejermeklerini talap edýärler. Geçirilen barlaglaryň netijesinde keseliň ýoklugy barada aýdylanda bolsa, näsaglaryň özlerinde şol keselleriň barlygy baradaky ynamlary has hem artýar. Olar keseliň hakyky kesgidiniň özlerinden ýaşyrylýandygyny ýa-da lukmanyň kärine ezber däldigini aýdýarlar. Lukmanlaryň operasiýa etmekden boýun towlamaklaryna bolsa näsag öz ýanyndan ters düşünýär we onda keseliniň öte geçenligi, gutulara umydynyň galmanlygy barada pikirler döreýär. Näsagda şeýle pikirleriň döremegi olaryň öz janlaryna kast etmeklerine getirip biler.

Paranoid üç etapdan ybaratdyr. Birinji *paranoýal* – bu anyk maglumatlara esaslanan paranoidiň ulgamlaşdyrylmagydyr. Emma onda ýerliksiz netije çykarma we gallýusinasiýalar ýokdur. Ikinjisi *paranoid* – munda näsagyň aýdýan gürrüňi bölekleýin bolýar, ulgamlaşdyrylmadyk, aktuallaşdyrylmadyk bolup, ýöne ol gallýusinasiýa we kandinskiý bilen utgaşýar.

*Paranoid* psihikanyň haýsy-da bolsa başga bir sferasynyň bozulmagy netijesinde döreýär. Meselem, ys alyş gallýusinasiýalarynyň peýda bolmagy näsagda özüni zäherlejek bolýandyklary baradaky şübheli pikirleri döredip, şoňa bolan ynamyny artdyrýar. Gartaşan näsaglarda huşuň bozulmagy maddy zyýan çekdiriji samramanyň döremegine sebäp bolýar. Paranoidiň geçişine düşünmek üçin şolary ulgamlaşdyrylan we ulgamlaşdyrylmadyk paranoidlere (üzlem-saplam) bölmek zerurdyr. Näsagyň öz pikirlerini subut etmek üçin getirýän köp sanly özara baglanyşykly delilleri getirmegi tertipli, gowy düzülen ulgamyň barlygyna şaýatlyk edýär. Ol haçan, haýsy serişdeler we nähili matlap bilen yzarlanmanyň amala aşyrylandygyny takyk görkezip, ynamly gürrüň berýär, islendik soraga eglenmän anyk jogap berýär. Çylşyrymly, hemme tarapy göz öňünde tutulyp düzülen ulgamy taýynlamak üçin uzak wagt gerek bolýar. Bu bolsa ulgamlaşdyrylan paranoidli psihozyň geçişiniň uzak wagtlap dowam edýändigini, onuň uzaga çekip köneleşen häsiýetli bolýandygyny görkezýär. Birbada, ýiti görnüşde döreýän paranoid durnukly gurnalan ulgam bolmakdan mahrumdyr, ýöne näsagda ulgamlaşdyrylmadyk paranoid diňe bir ýiti psihozlarda däl-de, eýsem şahsyň gödek özgermegine getirýän, beterleşýän kesellerde-de (şizofreniýada, organiki psihozlarda) duş gelýär. Wagtyň geçmegi bilen näsagda özi üçin wajyp bolan ozalky paranoid pikir ýöretmelerine bolan gyzyklanma aýrylýar we şonda öňki durnukly paranoid ulgamy ýitirilýär. Şeýle näsaglar akyla sygmajak hyýaly toslama wakalar barada gürrüň berýärler, ýöne olar öz pikirlerini hiç bir zat bilen subut etmeýärler. Ýiti we uzaga çekip köneleşen paranoidli psihozlaryň anyklaýşyny geçirmek üçin paranoidi interpretatiw we duýujylykly görnüşlere bölmek möhümdir.

Üçünjisi *parafreniýa* – munda näsagyň aýdýan gürrüňleri toslamaly, özüni beýik hasaplamak bilen baglanyşykly bolýar. Şu ýagdaýda näsagyň gözüne zat görnüp, yzarlanylýan ýaly hem bolýar.

***Interpretatiw düşündirme, netije çykarma paranoidli*** näsaglarda, adatça, kabul edilişiň bozulmalary (gallýusinasiýalar) bolmaýar. Şonuň üçin hem olaryň pikir ýöretmeleriniň dogrulygyna bolan ynamy özleriniň hyýaly toslamalaryndan we öňünden syzyp duýmaklaryndan döremän, hakykatda bar bolan zatlary esassyz paralogik (logiki gabat gelmeýän) düşündirmesinden gelip çykýar. Tötänlikde bolup geçýän hadysalar şolaryň oýlanmasy bilen birleşdirilip, soňra bolsa aýratyn bir görnüşde düşündirilip, şahsy nukdaýnazarlaryndan ugur alnyp, şol pikiri logiki görnüşde tassyklaýan delil hökmünde öňe sürülýär. Şeýlelikde, interpretatiw paranoid ulgamlaşdyrylan paranoid hökmünde ýüze çykyp, uzaga çekip könelişen psihozlaryň alamaty bolup hyzmat edýär.

***Duýujylykly (şekillendirilişli) paranoidde*** bolup geçýän hadysalara anyk düşünme diýen zat bolmaýar. Ýiti emosional duýgular (howsalalylyk, aljyraňňylyk, düşünip bilmezlik, şadyýanlyk) hem-de kabul edişiň bozulmalary (illýuziýalar, gallýusinasiýalar, derealizasiýa we depersonalizasiýa) näsagyň ýalňyş pikirlenmeleriniň düýp sebäbi bolup durýar. Näsaglar paranoid pikir ýoretmeleri barada sorag görnüşinde aýdýarlar. Olar: «Lukman, meni jezalandyrmajaklary barada sizde ynam barmy? Bu halatly adamlar kimler?» diýen ýaly soraglary berýärler.

***Duýujylykly paranoid*** dinamikasy tiz geçýän, durmuş taýdan howply hereketli bolan has ýiti psihozlaryň alamatydyr. Duýujylykly paranoidli, aljyraňňy haldaky näsag tötänlikde duşan nätanyş adama topulýar, batly barýan maşyndan özüni oklaýar we ş.m.

Ýaýbaňlanyş derejesine görä, garrylyk psihozlaryna häsiýetli bolan **az ýaýbaňlanýan paranoidi** görkezmek bolar. Şonda zyýan ýetirijilikli, yzarlaýjy, zäherleýji paranoid pikirleri köplenç halatda näsagyň öz ýakyn adamlaryna – bile ýaşaýan hossarlaryna, goňşy-golamlaryna, işdeş ýoldaşlaryna gönükdirilýär.

***Giň ýaýbaňlanýan paranoid pikirler*** belli bir şahslara gönükdirilmän, olar özleriniň ähli ýerde, baran islendik ýerinde yzarlanýandyklaryny, şol ýerlerde özüni yzarlaýjylaryň jansyzlarynyň bardygyny aýdýarlar. Paranoidiň şu görnüşi şizofreniýada we reaktiw psihozlarda has ýygy duş gelýär. Ynjyk häsiýetli, özüni ile göz edip görkezmäge çalyşýan adamlaryň paranoid görnüşli hyýaly toslamalaryny hakyky paranoidden psihopatiýalaryň käbir görnüşlerinden tapawutlandyrmak zerurdyr. Toslamalary gürrüň berýän näsag özüniň beýan edýän zatlarynyň hakykatda bolmandygyna gaty gowy düşünse-de, söhbetdeşine güýçli täsir edýändirin, ynandyrýandyryn öýdüp, öz toslamalarynyň ýalandygyny boýun almaýar. Paranoidden tapawutlylykda toslamalar mazmuny boýunça durnuksyz bolýar. Näsaglar özüne ünsi çekmek üçin täzeden-täze toslamalary tapyp, hut şolar barada geçen sapar gürrüň berendiklerini unudýarlar.

Heňe gelmejek samsyklaç, düzedilmesi kyn bolan şeýle oý-pikirler akylynyň ösüşiniň derejesi pesräk näsaglarda döregen bolýar. Adatça, şeýle ýagdaýlarda paranoid pikirleri barada gürrüň edilmän, ýüzleý, juda ýöntem pikirler barada aýdylýar. Daş-töwerekdäkilerden eşidilen pikirler, gazetdir kitaplardan okalan maglumatlar çylşyrymly adalgalar hökmünde saýylyp şol wagtky ýagdaý bilen baglanyşdyrmazdan bulaşdyrylyp aýdylýar. Şonuň üçin hem ol aýdylýan zatlaryň manysyna düşüner ýaly bolmaýar. Juda ýöntem bolan şol bisowat ideýalar stereotipligi, ýagny birsyhly gaýtalanyp durýanlygy bilen tapawutlanýar.

Indusirlenen hem-de rezidual paranoidlere paranoidleriň esasy bir aýratyn görnüşi hökmünde garaýarlar.

***Indusirlenen paranoid*** – adamyň psihiki keselli ýakyn hossary (induktor) bilen gürrüňdeş bolmagy netijesinde döreýär. Indusirlenilýän adam induktordaky paranoid pikirlere tankydy garaýyş bilen çemeleşmän, olary şol durşuna kabul edýär. Şony şeýle etmegine bolsa indusirleýäniň belent mertebesi, at-abraýy we onuň indusirlemekde görkezýän işjeňligi, näsagyň indusirlenilýän bilen ýekelikde galdyrylyp edýän içgin gürrüňdeşligi, indusirlenilýäniň dogabitdi psihiki kemislikleri (infantillik, ynanjaňlyk, gylyk-häsiýetiniň kakabaşdan kakynlyraklygy, kemakyllygy) ýardam edýär. Şeýle paranoid durnuksyz, ýagdaýyň özgermesi bilen tiz geçegen (meselem, indusirleýji hassahana ýerleşdirilenden soň) bolýar.

***Rezidual paranoid*** – bu ýiti görnüşli psihoz başdan geçirilenden soňra, aýratyn hem aňyň alasarmyk ýagdaýda bulaşmasynda lukmanyň barlag geçiren wagty näsag özünde adatdan daşary bir kemçiligi tapmadyk hem bolsa, ýarawsyzlyk döwründe başdan geçirmeleriniň käbir pursatlarynyň näsagyň huşunda saklanmagydyr. Şeýle alamatlaryň döremegine başdan geçirilen psihozyň düzüminde köp sanly aýdyň bildirýän hakyky gallýusinasiýalaryň bolmagy ýardam edýär. Rezidual paranoidiň mysaly hökmünde näsaglara ketamin bihuş dermany goýberilenden soň döreýän ýagşy ýatlamar hem hyzmat edip biler.

***Paranoid we näsagyň şahsyýeti.*** Psihozyň beterlemeginde, şeýle-de paranoidiň ýaýbaňlanmagynda psihotiki alamatlaryň biri hökmünde näsagyň keselden ozalky şahsy sypatynyň gurluşynyň aýratynlyklarynyň ähmiýeti hem uludyr. Egerde kesellemezinden ozal näsag howsalaly-müňkür häsiýeti bilen tapawutlanyp, öz saglygy barada artykmaç alada eden bolsa, onda psihozyň beterlemegi bilen şondaky ipohondrik şikaýatlar artyp, agdyklyk eder.

***Paranoýallyk*** – oýlap tapyjylyk, gabanjaňlyk, dawaçyllyk, köplenç halatda aňdüşünjesiniň ýitilik derejesi aramrak, ýöne gylyk-häsiýeti boýunça tutanýerli hem erjel, kejir, galjaň adamlarda döreýär. Zyýan ýetirijilikli paranoidleri bolan garrylyk psihozy, ömrüniň dowamynda ownukçyl, husyt bolup, diňe özüni söýen adamlarda has köp duşýar. Psihozda adamyň şahsy ep-esli derejede deformasiýalary geçip, umumy düzgüne baglylykda näsagyň paranoidli başdan geçirmelerinde onuň häsiýetleriniň tapawutly aýratynlyklary şöhlelendirilýär.

**Ýokary ähmiýet berilýän patologik pikirlenmeler.** Ýokary ähmiýet berilýän pikirlenmeler paranoidden tapawutlylykda, döreýşi samsyk pikirlerden, ýalňyşlyklardan başlanmaýar. Munda bozulma näsagyň psihikasyndaky ýöredilýän pikirleri öz hakyky ähmiýetine bap gelmeýän hem bolsa, agalyk ediji ýagdaýy eýelemeginden ybarat bolup durýar. Güýç-kuwwatynyň bardygyna garamazdan, näsaglaryň öndürijiligi diýseň pes bolýar. Olar özleri üçin birinji nobatdaky aladalardan başga zatlara ýeterlik derejede üns bermäge ukypsyz bolýarlar. Ýokary ähmiýet berilýän ideýalary düzetmek mümkin däldir, çünki näsagyň başdaky pikirini dogry diýip hasap edýän ýagdaýyna garşy çykmak gaty çetin bolup durýar. («Näsagyn özüniň öňe sürýän ideýasyna ýanbermezlik bilen ynanmagy. 88-nji sahypadaky surat) Gabanjaňlyk, oýlap tapyjylyk, yzarlaýjylyk ideýalaryna köre-körlük bilen ynanmak, syýasy we dini pikir-düşünjelere ähli durkuň bilen berilmek ýaly häsiýetler ýokary ähmiýetli ideýalara mahsusdyr. Ýokary ähmiýetli ideýalar psihikanyň araçäkdeşräk bozulmalaryna girip, oňa keseliň hökmany alamaty hökmünde garalmaýar. Olar stenik hem garaguşagyra meňzeş häsiýetli näsaglarda has köp duş gelýär. Ýokary ähmiýet berilýän patologik pikir ýöretmeler, esasan, psihopatiýalarda duşýar. Ýokary ähmiýet berilýän patologik pikir ýöretmeler şizofreniýada patologik pikirleriň kemala gelmeginiň tapgyry hökmünde-de ýüze çykyp biler.

***Irizegen patologik pikirler (obsessiýalar – gaýtalanyp durýan ideýalar)*** näsagyň erk-ygtyýaryna garaşsyz, onuň üçin del (keseki) keselbentlikli pikirler bolup, näsag olaryň ýüze çykmagyny agyr başdan geçirýär, çünki ol şolara tankydy göz bilen garaýar we olardan dynmaga çalyşýar. Ýöne şeýle-de bolsa, näsag ol pikirlerden özbaşdak saplanyp bilmeýär. Irizegen patologik pikirleriň paranoidden esasy tapawudy – adamyň şol pikirleriň döreýşiniň keselbentlidigine düşünýänligidir. Şol sebäpli hem ile ryswa bolmakdan gorkup, olar öz başdan geçirmeleri barada çem gelene gürrüň bermeýärler. Olar diňe lukmanlar bilen aç-açan gürleşip, kömek berilmegini soraýarlar. Ýüregedüşgünç, irizegen pikirler ýörite nozologiki fenomen bolman, olar newrotik derejede geçýän köp sanly kesellere häsiýetlidir. Irizegen patologik pikirleriň ýüze çykmagy psihiki keselleriň hökmany alamaty däldir. Irizegen pikirler tut ýaly sagat, ýöne işine jür, arassaçyl hem tertipli, ýagny pedant häsiýetli, howsalaçyl, müňkürräk adamlarda-da duş gelýär. Şeýle ýagdaýda olar durnuksyz bolup, adamy känbir birahatlandyryp durmaýar. Ýüregedüşgünç patologik pikirler psihiki kesellerde şeýle bir tutanýerli hem kejir häsiýetli bolup, näsagyň birsydyrgyn ünsüni sowup durýar, işden elini sowadýar, näsagyň ünsüni bir ýere jemlemäge hem ugrukdyrmaga ýol bermeýär, nalajedeýinlik duýgusyny döredip, sustuny basýar. Irizegen patologik pikirleriň emosional doýgunlandyrylan we umumy, ýagny kesgitli bolmadyk abstrakt görnüşleri tapawutlandyrylýar. Soňkulara ýüregedüşgünç akyldarsyramaklyk hem ýüregedüşgünç sanlary ýöretmek mysal bolup biler. Näsaglar sagatlap kelle döwüp, hakykatda bolup bilmejek hadysalaryň getirip biläýjek netijelerini ölçerip-döküp, çuňňur oýa batýarlar,

sanlary kwadratlara göterýärler, sözlemleriň we her bir aýratyn sözüň grammatiki düzülişini seljerýärler. Emosional doýgunlandyrylan ýüregedüşgünçlere irizegen müňkürlik we kontrast irizegenlik degişlidir. Keselbentlikli müňkürligi bolan näsaglar ençeme gezek yzlaryna dolanyp, gapyny ýapmany, ütügi tokdan aýyrmany, gazy öçürmäni unudandyryn gorkusy bilen barlap gaýdýarlar. Ynamsyzlygynyň esassyzdygyna gözleri ýetip dursa-da, olaryň şol ynamsyzlygy ýeňmäge gurplary çatmaýar. Kontrast ýüregedüşgünçlik özüniň şol elhenç hereketi hiç haçan etmejek hem bolsa, garaşylmadyk ýagdaýda näsagyň kellesine asla ýol berip bolmajak elhenç bir hereketi edäýmeginiň ahmaldygy baradaky gorkuly pikiriň gelmegidir. Ýüregedüşgünç patologik pikirleriň özbaşdak alamat hökmünde ýüze çykmagy seýrek duşýan ýagdaý bolup, adatça, olar başga bir ýüregedüşgünç ýagdaýlar bilen bilelikde utgaşyp geçýärler, ýagny olar irizegen gorky (fobiýalar), irizegen meýildir höweslenme (kompulsiýalar) we hereketler (adatlar) bilen bile geçip, şolaryň toplumynda obsessiw-fobiki alamatyň (sindromyň) esasy mazmunyny düzýär.

**Sözleýşiň bozulmalary.** Psihiatriýada iş ýüzünde, öňi bilen näsagyň dilden sözleýşi, zerur bolan ýagdaýynda bolsa ýazmaça sözleýşi seljerilýär.

Sözleýiş bozulmalarynyň şeýle görnüşleri tapawutlandyrylyp görkezilýär:

***Batly sözleýiş*** – keselbentlikli göçgünli sözleýiş bolup, näsagda dynuwsyz ýaňrama islegi döreýär we ol bu ýaňramasyny aýtman saklanyp bilmeýär.

***Aýlawly sözleýiş*** – näsagyň adaty bolmadyk, düşünmesi kyn, manysyna bap gelmeýän sözleri ulanyp, özüni nakyslyk bilen alyp barmagy, ýerliksiz üm-yşaratlar etmegi, gaşyny kakyp, ýüz-gözüni oýnatmagy bilen häsiýetlenip geçýär.

***Gaýtalamak (eholaliýa)*** – näsag töweregindäkilerden eşiden sözlerini birsyhly tükeniksiz gaýtalaýar.

***Birmeňzeş äheňli sözleýişde*** ses äheňi bir durşuna saklanyp, sesiň labzy üýtgedilmeli ýerinde hem üýtgedilmän, birsydyrgyn ýöredilýär.

***Jikme-jik sözleýiş*** haýal gürleşme bilen geçirilip, şonda näsag zatlaryň ähmiýetsiz hem wajyp bolmadyk tarapyny ownukçyllyk bilen jikme-jikleşdirip beýan edýär.

***Oligofazik sözleýiş*** söz gorunyň çäkliligi, sözleriň grammatiki düzülişiniň nädogrulygy, ses äheňiniň edilýän gürrüňe bap gelmezligi bilen häsiýetlenýär.

***Paradoksal sözleýiş*** näsagyň aýdýan zatlarynyň köpüsiniň manysy boýunça bir-birine gapma-garşy gelmegi.

***Persewerator sözleýiş*** näsagyň şol bir sözi ýa-da söz düzümini öwran-öwran gaýtalamagy we gürrüňini dowam etdirmek üçin gerek bolan sözleri ýa-da söz düzümlerini saýlap alyp bilmezligi bilen häsiýetlenýär.

***Pueril sözleýiş*** uly adamyň peltekläp, sakynyp, sesiniň äheňidir labzyny aýnadyp gürleýşi ýaş çaganyňka çalymdaş bolmagy bilen häsiýetlenýär.

***Kapyýalaşdyrylan sözleýiş*** her hili kapyýalardan doldurylyp, şolaryň näsagyň edýän gürrüňiniň manysyna gelişdirilmän, ýoýlan görnüşde ulanylmagy.

***Bogna bölünen sözleýişde*** näsag haýal gürläp, sözleri we bogunlary bölüşdirip, aralaryny kesip aýdýar. Psihikanyň ösüşiniň umumy wagtlaýyn togtamagy çaga motor alaliýasy (çaganyň gürrüňe düşünip, ýöne özüniň gürläp bilmezligi) diýlip atlandyrylýan çaganyň gürläp bilmekliginiň yzagalaklygy bilen utgaşyp geçýär. Motor alaliýasy umumy motor ösüşden yza galmak bilen geçýär. Şeýle çagalar gowuşgynsyz, lellim, hereketleri gödeňsi, tagaşyksyz bolup, bir hereketi etjek bolanda düýbünden gerek bolmadyk ençeme goşmaça hereketleri edýärler. Çagalaryň käbirinde sözleýişiň bozulmasynyň başga bir görnüşi, ýagny sensor alaliýasy döreýär. Şonda çaga gowy eşidýän hem bolsa, sözleriň manysyna düşünmeýär we sözleýişi özleşdirip bilmeýär. Sözleýşiň haýallap, badynyň gaçmagyna (bradilaliýa) hereketlenmäniň umumy haýallamasy we oýlanmanyň haýallap gowşamagy sebäp bolup biler. Depressiw alamatlar toplumynda şu sebäpleriň ikisi hem bir wagtda täsir edýär.

**Sözleýşiň funksional bozulmalary.** Depressiw alamatlar toplumlarynda ýa-da neýroleptiki zäherlenmelerde emosional fonuň peselmesi sözleýşiň «öçügsilenmesi» diýilýän özboluşly bozulmasyny döredip, onuň äheňiniň aýdyňlygyny ýaramazlaşdyryp, birmeňzeş äheňli (myňňy labyzly) sözleýşe getirip biler. Hut şu alamat beýniniň gödek organiki bozulmalarynda, şeýle-de emosional kütekligi bolan alamatlar toplumly kemislikli (defektli) şizofreniklerde-de döräp biler. Birmeňzeş äheňli sözleýiş hereketiň umumy gowşaklygynyň (ysgynsyzlygynyň) ýa-da haýallamasynyň has irki kesel alamaty bolup, hemişe emosional duýgurlygyň peselmesi ýa-da söz baýlygynyň azalmasy bilen geçýär. Ses äheňiniň birmeňzeşliginde (monotonlylykda) oýlanmanyň haýallamasy bolman hem biler, ýöne ol köp halatda gipomimiýa (ýüz-gözüň ýagdaýa, edilýän gürrüňe laýyklykda oýnadylmasynyň peselmesi) bilen utgaşyp geçýär. Depressiw alamatlar toplumy ýaramazlaşyp agyrlaşanda, sözleýşiň sesliliginiň bady gaçyp peselýär-de, *fonasteniýa* diýilýän ýagdaý döreýär. Näsagyň sesi pessaýlap, ýuwaşap çala eşidilýär, pyşyrdap samyrdyly aýdylýan gümürtik sözler düşnüksiz bolýar. Häli-şindi gürrüň kesilip, uzak arakesmelerden soň dowam etdirilýär. Şu alamat depressiýada *Flottaunyň fonasteniýasy* diýen ady göterýär. Hut şu alamat asteniki ýagdaýlarda-da, hatda ýadaw mugallymlarda-da döräp biler. Näsaglaryň sesi gyrylyp, batly gürlemäge bolan ukyplaryny ýitirip, pyşyrdap gürlemeklerine *afoniýa* diýilýär. Bu alamat kakynlylarda duş gelip, funksional, dikeldilýän häsiýetli bolýar. Sözleýşiň çet-gyraky apparatlarynyň kesellerinden döreýän çyn (hakyky) afoniýadan tapawutlylykda, kakynly afoniýada sesli üsgürip bilmek ukyby saklanýar.

Sözleýşiň düýbünden bolmazlygyna *mutizm* diýilýär. Mutizm stuporyň (gymyldy-hereketsiz doňup galma) dürli görnüşlerinde – depressiw, katatoniki, psihogen, şeýle hem gödeňsi apatiko-abuliki bozulmalarda duş gelýär. Stuporyň gaty bir çuňlaşmadyk görnüşinde näsagda dilden sözleýiş ukyby bolmasa-da, ýazuw arkaly düşünişmek ukyby saklanyp galýar. Lukman şondan peýdalanyp, özüni

gyzyklandyrýan soraglaryna jogap alyp gerekli maglumatlary toplap bilýär. Mutizm isteriki (kakyn) newrozyň ýüze çykmagynyň alamaty hem bolup biler. Isteriki mutizm hem mutizmiň beýleki ähli görnüşlerinde bolşy ýaly, funksional dikeldilýän häsiyetli bolýar. Şonuň esasynda bolsa sözleýiş merkeziniň çendenaşa togtadylmasy ýatandyr. Psihiki şikeslenmeler, güýçli tolgunmalar mutizmiň diňe bir döremegine sebäp bolman, eýsem, onuň aýrylyp gitmegine-de ýardam berip biler. Sözleýişiň funksional bozulmalary logonewrozlarda belli bir derejede sakynma alamatynyň agdyklyk etmegi bilen häsiýetlenýär.

**Sözleýşiň organiki bozulmalary.** ***Dizartriýa,*** ýagny sözleýiş artikulýasiýasynyň (kekirdekdäki ses emele getirýän apparatlaryň sesi bölüşdirip äheňe, labza bap getirme ukybynyň) bozulmagy hemişe progressiw paraliçde, şeýle-de beýniniň daşky gatlagynyň ýa-da onuň astyndaky döremeleriň zeperlenmelerinde – beýniniň ilkinji atrofiýasynda (mürşermesinde), beýni aterosklerozynda, beýnä gan öýülmede döräp biler. Näsag çekimli sesleri garjaşdyryp bulaşdyrýar. Düşnükli, aýdyň gürlemäniň doly ýitirilmegine anartriýa diýilýär. Ekstrapiramid bozulmalarda, aýratyn hem Parkinsonyň keselinde haýal-ýagal sözleýşe, ýagny sözleriň kynlyk bilen bogunma-bogun bölünip aýdylmagyna getirýär. Hut şunuň ýaly ýagdaýa psihotrop serişdeleriň artyk berilmesinden dörän neýroleptik alamatlar toplumynda-da duş gelinýär.

Beýniniň tutuşlaýyn gödek organiki bozulmalarynda, meselem, ötüşen garaguşagyryda, beýniniň maňlaý bölüminiň şikeslenmesinde, ýokanç (infeksion) ýa-da parazitar zeperlenmelerinde sözleýşiň garyplaşmasy, gürlemäge bolan meýliň peselmesi, sözleýiş arkaly aragatnaşyklaryň göwnejaý bolmazlygy, ýagny oligofaziýa diýilýän ýagdaý döreýär. Gysga möhletleýin dikeldilip bolunýan oligofaziýa garaguşagyry tutgaýlarynyň yzysüre, dürli sebäplere görä dörän seňselemäniň ýeňiljek görnüşli alamatlar toplumynyň bar bolan ýagdaýynda döreýär.

Beýniniň daşky gatlagyndaky sözleýiş merkezinde organiki zeperlenme dörände sözleýşiň gödek bozulmalary ýüze çykyp, sözleýşiň aýry-aýry funksiýalary ýatyrylyp, *afaziýa* döreýär. Afaziýalaryň motor, sensor we amnestiki görnüşleri bolýar.

***Motor afaziýasy.*** Beýniniň maňlaý bölüminiň çep tarapyndaky aşaky egremine (beýniniň daşky gatlagyndaky 44-45 Brodmanyň meýdançalary) mahsus bolan motor afaziýasynda sözleýşiň aýdyň manylylygy (ekspresiw) bozulýar. Şonda geplemäge synanyşýan näsag diňe düşnüksiz sesleri çykaryp, aýry-aýry bogunlary süýndürip aýdyp bilýär. Mutizmden tapawutlylykda motor afaziýasynda näsag çylşyrymly sözleri aýdyp bilmese-de, gürleşmäge dyrjaşýar, gürrüňdeş bolmaga höwesek bolýar. Mutizmli näsag bolsa düýbünden gürlemezek, dymma bolýar. Onuň söhbetdeşlige ukyby bar hem bolsa, şondan peýdalanmaýar. Amital-kofein usuly arkaly dartgynlyk aýrylyp, ýeňillik aralaşanda mutizmli näsaglar sözleşmäge girişip arkaýyn gürleýärler, çünki olaryň sözleýiş merkezleri wagtlaýyn togtadylan

bolýar. Motor afaziýasynda bolsa dartgynlygy aýyrmaga synanyşmaklyk netijesiz gutarýar. Olaryň sözleýşini dikeltmek üçin uzak wagt gerek bolýar. Ol beýniniň daşky gatlagynda sözleýşiň täze merkeziniň kemala gelmeginde geçip, ýuwaş-ýuwaşdan dikeldilýär.

***Sensor afaziýa*** (Brodmanyň 21-22-nji meýdançalarynyň sebitlerindäki beýniniň daşky gatlagynyň çekge egreminiň çepindäki ýokarky bölüminde ýerleşýän Wernikanyň sözleýiş merkeziniň zeperlenmesi) dilden aýdylýan sözlere düşünme ukybynyň ýitirilmesi bilen häsiýetlenýär. Okamaga bolan endik (aleksiýa ýa-da söze körlük) ýitirilende, zeperlenen ojak başgaça, ýagny beýniniň daşky gatlagynyň ýeňse hem süýr depäniň aşaky sebitlerinde (Brodmanyň 19-39-njy meýdançalarynda) ýerleşýär.

***Amnestiki afaziýa*** töwerekdäki zatlaryň atlaryny ýada salma ukybynyň ýitirilmegi, söz gorunyň juda azalmagy bilen häsiýetlenýär. Amnestiki afaziýanyň beýniniň belli bir bölüminde takyk ornaşýan ýeri bolmaýar. Ol soňraky dörän häsiýet bolup, huşuň gödek bozulmalaryna garaşlydyr. Afaziýanyň ähli görnüşleri gartaşan ýaşlylardaky psihozlarda ýygy duşýan alamat bolup, aýratyn hem beýniniň degeneratiw-atrofiki kesellerinde: Alsgeýmeriň, Pikiň kesellerinde (beýni aterosklerozlarynyň görnüşleriniň biri), köp sanly beýnä gan öýmeleriň başdan geçirilmegi (insult) netijesinde döräն organiki kemakyl näsaglarda duş gelýär. Hut şu kesellerde sözleýşiň bozulmalarynyň alamatlarynyň *parafaziýalar* diýlip atlandyrylýan ýene bir toplumy ýüze çykýar. Kähalatlarda haýsy-da bolsa bir sözi aýtmaga synanyşýan näsaglar şony birbada başarman, bogunlaryň birinde säginip durýarlar we şony köp gezek gaýtalaýarlar. Şu alamata logokloniýa diýilýär. Kähalatlarda bolsa tutuş bir söz birsyhly gaýtalanýar. Oňa *palilaliýa* diýilýär.

Sözlerdäki bogunlaryň ýerleri çalşyrylyp, özgerdilýär, ol edebi parafaziýa ýa-da başgaça aýdylanda literafaziýa diýlip atlandyrylýar. Kähalatlarda sözleýiş ukybyny doly ýitiren näsagyň bir ýa-da birnäçe jümläni gaýtalamak ukyby saklanýar. Ol şol sözleri erjellik bilen sagatlap, gije-gündizläp, hatda aýlap irginsiz gaýtalaýar-da, bozuk grammofony ýatladýar. Şonuň üçin hem şu alamat «grammofon plastinkasy alamaty» diýip atlandyrylýar.

**Pikirlenmäniň bozulmalarynyň alamatlar toplumlary (sindromlary). Obsessiw-fobik alamatlar toplumy (sindromy).** Obsessiw-fobik alamatlar toplumynyň esasy mazmuny ýüregedüşgünç, irizegen ýagdaýlaryň giň gerim almasydyr. Ýüregedüşgünç pikirlerden başga ýüregedüşgünç gorkular (fobiýalar) hem giňden ýaýran bolup, olaryň düzümi dürli-dürlüdir. Newrozlarda logiki taýdan ýerlikli hem düşnükli gorkular köp duş gelýär. Bu gorkular hapalanmak, kesel ýokuşmagy (mizofaziýa), ölüm (tanatofobiýa), howply keseliň döremegi (nozofobiýa) – kardiofobiýa, kanserofobiýa, aidisofobiýa ýaly hakykatdan hem howp salyp biläýjek zatlardan gorkulmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Şizofreniýada ýokarda agzalyp geçilenlerden daşary hakykatdan arasy üzülen, adatdan daşary gorkular

hem ýüze çykyp biler: iýmitinde iňňelerdir iňňebagjyklar barmyka diýen howsala, mör-möjekleriň gelip burnuna dykylyp girme gorkusy we ş.m. Şunda yrymlara gönükdirilen hereketleriň hem ençemesi edilýär, ýagny şol gorkulardan iň bolmanda wagtlaýyn dynyp, janyna aram tapmak üçin dezinfisirleýji sabyn bilen 8 gezek elini sabynlap ýuwmak, öýe girmezden ozal jaýyň daşyna üç gezek aýlanyp çykmak ýaly yrymlar bilen baglanyşykly hereketleri edýärler. Şeýle hereketleriň çylşyrymly görnüşlerini ýerine ýetirýän wagtlary töweregindäkiler olaryň ünsüni bölse, olar şol hereketleri täzeden edip başlaýarlar. Şonda edýän zatlarynyň biderekdigine näsaglar gowy düşünýän hem bolsalar, şony etmän durup bilmeýärler. Obsessiw-fobik alamatlar toplumy ýüregedüşgünç ýagdaýly newrozyň esasy görkezijisidir. Ol şizofreniýanyň geçişiniň newroza meňzeş görnüşinde-de peýda bolup biler. Obsessiw-fobik alamatlar toplumy psihoasteniýada hem duşup, ol howsalalylyk, müňkürlik we pedantlyga mahsus bolan jürlük, geýnüwlilik, çendenaşa tämizlik ýaly häsiýetler bilen utgaşyp geçýär.

**Dismorfomanik (dismorfofobik) alamatlar toplumy (sindromy).** Dismorfomanik (dismorfofobik) alamatlar toplumy diýlip näsagyň başdan geçirmeleri şonuň synasyndaky bolup biläýjek kemisliklere ýa-da görmeksizliklere (bedroýlyklara), ýumşak bozulma döredip biläýjek pikirlere (gorkular, irizegen hem ýokary ähmiýet berilýän pikirler) gönükdirilip, aslynda bar bolup, ýöne düýpli bir kemisligi aňlatmaýan zatlara (çala dolmuşlyk, ýüzüň çala bildirýän gyşyklygy we ş.m.) keselbentlikli garaýyşlaryň şöhlelendirilmegine aýdylýar.

Kähalatlarda hakykata laýyk gelýän düýpli bir sebäbi bolmadyk paranoidli dismorfomaniýa-da duş gelinýär. Synasynda kemçilik barlygy baradaky ideýalardan daşgary, dismorfofobiýadan ezýet çekýänlerde, adatça, gatnaşyk, duýuş ideýalary ýüze çykýar, ýagny olarda daş-töwerekdäki adamlaryň olaryň kemisligini görýändigi, üstünden gülýändigi ýaly pikirler döreýär we sustupes bolup, tukatlanmagyna getirýär. Aýnada özlerini dykgatly synlamak (aýna alamaty) islegi döräp, töwerekdäkilerden ýaşyrynlykda aýnanyň öňüne häli-şindi baryp durýarlar. Dismorfomaniýa alamatlar toplumy nozologik taýdan ýöriteleşdirilen bolmaýar. Adatça, bu ýetginjeklik döwründe hem-de ýaş ýigitlik çagynda, köplenç halatda gyzlarda döregen bolýar. Alamatlar toplumynyň görnüşi şizofreniýanyň başlangyç döwründe-de ýüze çykyp biler.

**Ýiti paranoid alamatlar toplumy (sindromy).** Ýiti paranoid alamatlar toplumynda güýçli emosional bozulmalarda (howsalaly, aljyraňňylyk, gorky, şadyýanlyk, düşünmezlik, geň galmak) paranoid örän tiz kemala gelýär. Özüni duýşundaky duýdansyz özgermäni näsag hasratly heläkçilik gelen ýaly edip bahalandyrýar we daş-töwerekdäki durmuş hakykatyny kabul edişi hem şu güýçli duýga tabyn edilýär. Şonda, köplenç, illýuziýalar we gallýusinasiýalar peýda bolup, näsag geçip barýanlaryň gep-gürrüňinde öz adyny eşidýär. Adatça, gatnaşyk paranoidi we ýasama jögülik paranoidi ýüze çykýar. Näsagda daş-töwerekdäkileriň haýsydyr bir

möhüm maglumatlary özünden ýaşyrýandyklary baradaky şübheli pikirler döreýär. Daş-töweregindäki zatlaryň ýerleşişi üýtgän ýaly bolup görünýär (derealizasiýa), näsag hut özünde bolan uly özgermeleri duýýar (depersonalizasiýa), bu bolsa näsagda pikiriniň bulaşandygy baradaky duýgyny döredýär. Howsalalylyk hem-de ynjalyksyzlyk näsagyň ukusyny gaçyryp, rahat ýatmaga päsgel berýär. Ol güýçli göçgünli ýagdaýa gelip, içerde pelesaň kakýar, janyna jaý tapman urunýar, ümzügine tutduryp, nireleredir bir ýerlere ýitirim bolup, gaçyp gutulmakçy bolýar. Duýujylykly güýçli samrama ýiti başlanan islendik psihozyň, ýagny intoksikasion, somatogen psihozlaryň, şizofreniýanyň ýiti geçişiniň, reaktiw paranoidiň döreýşiniň alamaty hökmünde-de bolup biler. Bular ahyrynda oňaýly gutarýar, çünki psihotiki ýagdaýy doly aýryp bolýar.

**Kandinskiý-Klerambonyň psihiki awtomatizm alamatlar toplumy (sindromy)** paranoid alamatlar toplumlarynyň ählisiniň arasynda has ýokary nozologik mahsuslygy bilen tapawutlanýar. Onuň düzümine psewdogallýusinasiýalar, psihiki awtomatizm hem-de täsir ýetiriji paranoid girýär. Awtomatizm diýlip, näsagyň şahsy psihiki hereketleriniň kesekileşdirilen, özüniňki däl ýaly, psihikasynda käbir prosesleriň öz erkine edilmän, awtomatik görnüşde amala aşyrylýan ýaly bolup duýulmagyna aýdylýar. Klerambo awtomatizmiň üç görnüşini beýan edipdir:

– *ideator (assosiatiw, pikirlenmeli) awtomatizm* – bu pikirleriň kellä, kalba salnyp hem çykarylyp durulmasyny duýmak, olaryň geçişine kesekiniň gapdaldan gatnaşmagy, pikirleriň arasynyň üzülmegi, togtamagy (şperrung) we birbada birnäçe pikirleriň kellä gelmegi (mentizm), pikirleriniň töweregindäkilere aýan bolýandygyny duýmaklygy (açyklyk alamaty), pikirleriniň sessiz gaýtalanmagy («pikirleriň ýaňy, owazy»), zoraýakdan geçirilýän içki sözleýiş ýaly häsiýetlerdir. Werbal (söz) psewdogallýusinasiýalary, ýagny pikirleriň ep-esli aralykdan berilmesini (ýaýradylmasyny) duýmak ýaly ýagdaý hem ideator awtomatizmiň ýüze çykmagynyň alamatydyr.

– *sensor (senestopatiki, duýujylykly) awtomatizm* – bu adamyň bedeninde kähalatlarda çylşyrymly, beýan etmesi kyn bolan ýakymsyz duýgularyň (senestopatiýalaryň), kähalatlarda bolsa, adaty tebigy zatlaryň (ýylylyk, sowuklyk, agyry, awuşatma, jynsy gatnaşyga göçgünli höwesiň döremegi, buşugyp durmanyň bimaza etmegi) «ýasalan», ýörite gurnalan ýaly bolup duýulmagydyr. Tagam duýuş we ys alyş psewdogallýusinasiýalary hem ýokarda görkezilenler ýaly sensor awtomatizminiň görnüşleriniň biridir.

– *motor awtomatizmi* – illýuziýa, näsagyň käbir hereketleriniň onuň öz erki bilen amala aşyrylman, gapdaldan täsir edilip ýerine ýetirilýän ýaly bolup görünmegidir. Psihotrop serişdeleri ulanmagyň netijesinde, şeýle görnüşli awtomatizmli adamlarda döreýän käbir newrologik alamatlara (derman parkinsonizmi) bejerginiň ýetiren goşmaça täsiri hökmünde garalman, gapdaldan täsir ýetirilme alamaty ýaly garalýandygy geňirgendirýär. Näsaglar özleriniň ýüzünde bolup geçýän özgerişleri

– gülki, gözýaş gelen ýaly, mimikasynyň özgerip durmagyny tebigy däl-de, zor bilen edilýän diýip hasaplaýarlar. Zor bilen gürletmek hem (sözleýiş hereketiniň psewdogallýusinasiýasy) hereketlendiriş awtomatizmine girizilýär.

Psihiki awtomatizmde bolup geçýän ýagdaýlar, adatça, adamda özi özüne degişli däl ýaly, yzarlaýjylaryň elinde oýunjak hökmünde hyzmat edýän ýaly (eýelik edilenlik duýgusy), ähli psihiki hem fiziki durmuşynyň çylşyrymly tehniki gurallar ýa-da gipnoz etmek arkaly ýowuz gözegçilik astyna alnyp dolandyrylýanlygy baradaky bolgusyz pikirleriň döräp, näsagyň şol pikirlere bütin durky bilen ynanyp, şolary tekrarlamagyna getirýär (täsir ýetirijilikli paranoid). Käbir halatlarda näsagda yzarlaýjylaryň täsiri arkaly içki agzalarynyň zeperlenmegine, howply çişiň döremegine, hatda duýdansyz ölüme-de getirip biler diýen müňkürlikler döreýär. Şu alamatlar toplumy diňe bir şizofreniýa üçin häsiýetli bolman, eýsem, intoksikasion we somatogen kesellerde, aýratyn hem sensor we motor awtomatizmlerinde köp duş gelýär.

**Paranoýal alamatlar toplumy (sindromy)** – ýokary derejede ulgamlaşdyrylan düşündirişli ilkinji paranoid bolup, yzarlanmak, gabanjaňlyk, oýlap tapyjylyk, kähalatlarda ipohondriki, dawaçyllyk, maddy zyýan ýetirijilik paranoidli fabulalar (erteki otarmalar) bilen häsiýetlenýär. Paranoýal alamatlar toplumynda gallýusinasiýalar bolmaýar. Paranoid ideýalary hakykatyň wakalarynyň ýalňyş kabul edilmegi esasynda döremän, şol hakykatyň logika gabat getirilmän, ýalňyş düşündirilmeginiň netijesinde bolýar. Paranoýallygyň döremeginiň öňüsyrasynda ýokary ähmiýet berilýän ideýalar uzak wagtlap dowam edýär. Şol sebäpli hem şeýle paranoýal ýagdaý keseliň başlaýan tapgyrlarynda hakykatdan hem bolup geçýän zatlardyr diýen täsiri galdyrýar. Näsagyň paranoýal ideýalaryna durky bilen berilmegi fabulanyň ýitirilmezligi üçin janygyp, erjellik görkezilmegi, köp gaýtalamaklyk, jikme-jikleşdirmeklik bilen häsiýetlenýär.

Paranoýal alamatlar toplumy uzaga çekip könelişen görnüşe geçmäge ýykgynly bolup, psihotrop serişdeler bilen bejerilmesi kyn bolýar we garaşylýan netijäni bermeýär. Ol diňe bir şizofreniýada döremän, eýsem, inwolýusion psihozlarda, paranoýal psihopatiýada hem bolup biler. Şizofreniýada paranoýal alamatlar toplumy ösüp beterleşme bilen häsiýetlenip, paranoide geçmeklige ýykgynly bolýar.

***Paranoid alamatlar toplumy*** köplenç halatda psewdogallýusinasiýalara mahsus bolup, ulgamlaşdyrylan yzarlaýjy ideýalar bilen bilelikde geçýär. Gallýusinasiýalaryň peýda bolmagy paranoid täze fabulalarynyň, ýagny täsir ýetiriji (seýrek halatda zäherleýji) ideýalaryň döreýändigini kesgitleýär. Näsagyň nukdaýnazaryndan seredeniňde gapdaldan täsir edilmäniň alamaty hökmünde eýelik edilenlik duýgusy (psihiki awtomatizm) hyzmat edýär. Şeýlelikde, paranoid alamatlar toplumynyň ýüze çykyşynyň esasy taraplary Kandinskiý-Klerambonyň psihiki awtomatizm alamatlar toplumy baradaky düşünjesine gabat gelýär. Hakyky tagam duýuş we ys alyş gallýusinasiýalary hem-de zäherlendiriji paranoid bilen

geçýän paranoid alamatlar toplumynyň görnüşleri Kandinskiý-Klerambonyň psihiki awtomatizm alamatlar toplumyna degişli edilmeýär. Paranoid alamatlar toplumynda paranoid ulgamynyň belli bir derejede dargamaklyga bolan ýykgynlygy ýüze çykyp, paranoid bolgusyz, köp aýlawly hem samsyklaç häsiýete eýe bolýar. Munuň şu aýratynlyklary parafren alamatlar toplumyna geçilende has-da aýdyň ýüze çykýar.

**Parafren alamatlar toplumy (sindromy).** Parafren alamatlar toplumy hyýaly toslama hem bolgusyz ketdeparazlyk ideýalary, gaýgy-gamsyz biperwaýlygy ýa-da göçgünli joşgunlylygy bilen häsiýetlenýän ýagdaý bolup, psihiki awtomatizm, täsir ýetiriji paranoid hem-de werbal psewdogallýusinasiýalar bilen bilelikde geçýär. Şeýlelikde, köplenç halatda parafren alamatlar toplumyna psihiki awtomatizm alamatlar toplumynyň jemleýji tapgyry hökmünde garalýar. Näsaglara diňe bir häzirki wagtda bolup geçýän hadysalara hyýaly toslamaly (fantastiki) düşündirişleri bermeklik mahsus bolman, eýsem, ýalan, özüniň toslap tapan ýatlamalaryny (konfabulýasiýalar) gürrüň bermek hem häsiýetlidir. Näsaglar hamala diýersiň özlerine edilýän ýakymsyz, ejirli täsirlere görlüp-eşidilmedik çydamlylyk bilen döz gelip, şony hem özleriniň seýrek duşýan aýratynlyklary, hiç kimde gaýtalanmaýan durumlylygy, mertligi bilen bolýan zat hökmünde düşündirýärler. Aýdylýan zatlar baradaky kadaly yzygiderliligiň tertibi ýitirilip, näsaglaryň käbirinde paranoid ulgamy dyr-pytrak edilýär. Paranoid şizofreniýasynda parafren alamatlar toplumy (sindromy) psihozyň geçişiniň jemleýji tapgyry bolýar. Organiki kesellerde parafren paranoid (ketdeparazlyk paranoid), adatça, akyl-paýhasyň we huşuň gödek bozulmalary bilen utgaşýar. Organiki kesellerde parafreniýanyň paranoid ýagdaýynyň aýdyň mysaly hökmünde barha beterleýji paraliçli näsaglarda duşýan ummasyz baýlygyň barlygy ýaly heňe gelmeýän paranoid ýagdaýy getirse bolar. Ýokarda beýan edilen uzaga çekip könelişen paranoidleri şolara çala meňzeş, ýöne ýiti başlanyp, has oňaýly geçýän ýiti paranoýa, ýiti paranoid we ýiti parafreniýa ýagdaýlaryny aýyl-saýyl edip tapawutlandyrmak zerurdyr. Olar emosional başdan geçirmeleriň ýagtylygy, ulgamlaşdyryş derejeseniň pesligi we yza gaýtmaklyga ýykgynlylygy bilen häsiýetlenip, ýüze çykyşynyň esasy alamatlary boýunça ýiti duýujylykly paranoid düşünjesine mahsus bolýarlar. Ýagdaýyň adatdan daşary ýitiligini psihiki ýagdaýyň beterläp, iň ýokary derejä ýeten pursatynda oneýroid alamatlar toplumy hem tassyklaýar.

**Beýleki paranoid alamatlar toplumy (sindromy).** ***Kapgra alamatlar toplumy.*** Muny howsalalylyk we ýasama jögülikli paranoidlerden daşgary, meňzeşler alamaty diýlen esasy alamaty bolan ýiti paranoidiň hataryna hem goşmak bolar. Kapgra alamatlar toplumynda otrisatel meňzeşler we položitel meňzeşler alamatlary biri-birinden tapawutlandyrylýar. Otrisatel meňzeşler alamatynda hassahanada ýatan näsag öz yzyndan gelýän ýakyn hossarlaryny, mysal üçin, ejesini öz ejesi dälde, daş sypatyny ejesiniňkä meňzedip gelen başga biridigini tassyklaýar. Položitel

meňzeşler alamatynda bolsa, munuň tersine, näsag hassahanada özi bilen bile ýatan näsaglarda daş keşbini ýörite üýtgeden hossarlaryny görýär.

***Fregoli alamaty*** näsagyň özüni yzarlaýjylaryň birsyhly daş keşbini üýtgedýändiklerini nygtap, gapydan giren her bir adamda şol yzarlaýjylaryň sypatyny görýändigi bilen häsiýetlenýär.

***Intermetamorfoza paranoidi.*** Diňe bir daş keşbiniň üýtgedilmegi däl-de, eýsem, adamlaryň we zatlaryň içki özeniniň, düýp esasynyň hem özgerdilmeginiň çak edilmegidir.

***Kotaryň alamatlar toplumy ýa-da inkär etmek paranoidi*** tukatlyk we howsalanma bilen içgin baglanyşykly bolup, megalomanik, nigilistik, ipohondrik ideýalar bilen ýüze çykýar. Näsag özündäki agyr keseliň süňňüni şeýle bir haraplaýandygyny nygtap: «Içimde hiç bir abat zat galmady», «garnym şepbeşik porsy şireden doly», «içim çüýräp gutaryp barýar» diýen ýaly sözleri aýdýar. Şeýle paranoidleriň özüňi günäli saýmak ýaly duýgular bilen utgaşýan ýerleri hem bolýar. Näsag özüni dünýäde iň köp günä eden, ýokanç keselleri ýaýradýan adamdygyny nygtap, «eden günäleriniň» jezasyny çekmäge garaşýanlygyny aýdýar. Kotaryň alamatlar toplumy köplenç halatda inwolýusion ýaşdakylarda döreýär. Munuň ipohondriki we depressiw görnüşleri bardyr.

Pikirlenmäniň bozulmalarynda, takmynan, beriläýjek soraglar:

**I. Okgunlylyk we durnuklylyk babatda:**

• Bir topar pikir birbada dyňzap gelende, şonuň hötdesinden gelmekde kynçylyk çekýärsiňizmi?

• Sizde pikiriňiziň birden togtaýan mahaly bolýan-a däldir?

• Siz kelläňizde duýdansyz emele gelen boşlugy duýýan-a dälsiňiz?

• Sizde okan sözleriňiziň, sözlemlerdäki uzyn jümleleriň manysyna diişünmezlik ýagdaýy bolýarmy?

**II. Önjeýliligi boýunça:**

*a) ýüregedüşgünç, irizegen ýagdaýlar:*

• Sizi ýüregedüşgünç, ýakymsyz pikirler ýa-da meýildir islegler bimaza edýän-ä däldir?

• Sizde öz erkiňize garşy gidip, kimdir birini uraýmak ýa-da üstüne gygyraýmak (paýyş sögmek) ýaly zatlaryň mümkindigi baradaky pikirler döreýärmi?

• Sizde dynasyňyz gelýän, ýöne dynyp bilmeýän ýakymsyz ýatlamalar ýa-da düýş görmeler bolýarmy?

• Siz kimden gorkup, nämeden çekinýärsiňiz (gaçganaklaýarsyňyz)?

• Siz garaňkylykdan (beýik ýerlere çykmakdan, uçarda uçmakdan, märekeden, açyk (boşluk) meýdanlardan, çäklendirilen darajyk ýerlerden, ýiti zatlardan, ýagny pyçakdan, almazdan, gaýçydan, ölümden, agyr hassa bolmakdan, ýalňyz galmakdan) gorkýarsyňyzmy?

• Märekede bolanyňyzda özüňizi oňaýsyz duýan wagtyňyz bolupmydy?

• Sizde edýän işiňizdir hereketleriňiziň dogrulygy we gutarnyklydygy barada şübhe döreýän ýagdaýlar bolupmydy?

*b) paranoid ideýalary babatda:*

• Sizi kimdir biriniň yzarlaýanlygy göwnüňize gelýän-ä däldir?

• Sizde janyňyza howp salynýanlygy, garşyňyza dildüwşük gurnalýanlygy barada şübheli duýgular peýda bolýarmy?

• Siz kimdir biriniň özüňize täsir edýänligini duýýan-a dälsiňiz? Kim? Nähili matlap bilen? Näme bilen?

• Sizde özüňizi zäherlejek (talamakçy, jaýyňyzy eliňizden almakçy) bolýandyklary barada duýgular bolýarmy?

• Aýalyňyz (äriňiz) size biwepalyk edýändir öýdüp müňkür bolýan-a dälsiňiz?

• Siz özüňizi adaty däl, täsin adam hasaplaýarsyňyzmy?

• Siz adaty bolmadyk, üýtgeşik ukyplara eýelik edýärsiňizmi (çäksiz häkimdarlyk, kuwwatlylyk, ölmez-ýitmezlik, uly baýlyk, möhüm ylmy açyşlar)?

• Siz özüňizi (töweregiňizdäkileri) nämedir bir zatda aýyplap, günäkärleýärsiňizmi?

• Siziň synaňyzda göze görnüp duran betnyşan kemislikler-ä ýokdur-da?

• Özüňizde bejerip bolmajak agyr kesel bardyr öýdüp pikir edýän-ä dälsiňiz?

• Daş-töweregiňizde bolup geçýän zatlary kimdir biri gurnandyr diýen pikiriňiz-ä ýokdur-da?

• Özüňizi hemişe daş-töweregiňizdäkileriň üns merkezinde ýaly duýýan-a dälsiňiz?

• Sizde kemislikleriňizi daş-töweregiňizdäkileriň bilýändikleri barada duýgular peýda bolýarmy?

• Sizde hossarlaryňyz hökmünde ýanyňyza gelýän adamlaryň keseki adamlar bolup, ýöne hossarlaryňyzyň keşbine girip gelýändigi barada şübheli pikirler-ä döreýän däldir?

• Lukmanlar siziň hossarlaryňyzyň keşbine girip, ýanyňyza gelýändir diýip güman-a edýän dälsiňiz?

## 11-nji bap. Akyl bozulmalary

Akyl bozulmalary, adatça, kynçylykly ýagdaýlary we meseleleri çözmek, oýlanyş ukyplarynyň peselmesi ýaly ýagdaýlar dörän pursadynda kesgitlenilip beýan edilýär. Akyl bozulmasyny kesgitläp, baha bermekde köp halatda umumy hem ýörite bilimleriň, iş oňaryjylygyň, başarjaňlygyň bahalandyrylmasyndan peýdalanylýar.

**Psihiki infantilizm alamatlar toplumy.** ***Psihiki infantilizm*** – bu köp halatda psihikanyň ösüp kämilleşme tizliginiň peselip, şahsyň islendik bir zady duý-

magynda, bilmeginde, ýagny reagirlemeginde emosional-erk häsiýetleriniň we görnüşleriniň ösüşden yza galmasy bilen häsiýetlenýär. Akyl taýdan has sagdyn adamlara garanyňda olaryň düşünjesi biraz pesräk ýagdaýda bolýar.

Bular has ýaşajyk çagalarda döregen bolýar. Psihiki infantilizmiň alamatlaryna özbaşdaklygyň ýetmezçiligi, öte ynanjaňlyk, sadalyk, oý-pikirinde oýunlara bolan gyzyklanmanyň we gedonizmiň (hezillik, lezzet almak höwesi) agdyklyk etmegi ýaly alamatlar degişlidir. Şeýle adamlarda hiç zadyň aladasyny etmezlik, ýagdaýlary öňünden görüp bilmek ukybynyň kynlaşmasy (kähalatlarda bolsa diňe bir kynlaşman, şonuň asla mümkin bolmazlygy), öz hereketiniň getirjek netijelerine doly akyl ýetirip bilmezligi, jogapkärçilik we borç duýgularynyň kämil dälligi, hereketlerini dörän ýagdaýa görä ugrukdyrmakda kynçylyk çekmegi, erkine buýrup bilmezligi we kynçylyklary ýeňip geçmäge bolan başarnygyň pesligi ýaly häsiýetler mahsusdyr. Bularyň ählisi el bilen edilýän, ýagny manual işler ýerine ýetirilende (meselem, ýazýan hatlarynyň bulaşyk bolmagy) gerekmejek artykmaç hereketleriň has köp edilmegi, gödek säwliklere ýol berilmegi ýaly zatlar bilen utgaşyp geçýär.

Psihiki infantilizmiň ilkinji alamatlary kiçi mekdep ýaşly çagalarda we ýetginjeklerde ýüze çykýar.

Psihiki infantilizmi iki görnüşe bölüp görkezýärler: *ýönekeý* (çylşyrymlaşmadyk) görnüşi hem-de *çylşyrymlaşan* görnüşi.

***Psihiki infantilizmiň ýönekeý görnüşi*** çaganyň hereketleriniň, edim-gylymlarynyň ähli taraplaryny, şol sanda akylyny hem öz içine alýan psihiki taýdan kämil bolmadyk alamatlar bilen häsiýetlenýär. Şunda emosional-erkiň wagtlaýyn peselmeginiň ýüze çykmagy agdyklyk edýär. Şeýle çagalar hiç bir zadyň gamyny iýmeýän biagyry çagalar bolup, oýna gyzyganlarynda çeni-çaky, irip-armany bilmeýärler. Olaryň hyýala getirmelerine janlylyk, keýpiçaglyk, esassyz şatlanmaklyk mahsus bolýar. Olaryň ýaşlaryna görä talap bildirilende, esasan, mekdep ýaşyndaky çagalarda ýetişip bilmezlik görnüşli uýgunlaşyp bilmezligiň (dezadaptasiýanyň) ýüze çykýandygyny görmek bolýar. Psihiki infantilizm, köplenç halatda somatiki kämil bolmazlyk alamatlary, ýagny çaganyň boýunyň ösüşiniň togtamasy, göwräniň inçesagat (grasil) gurluşynyň bozulmagy bilen utgaşýar. Ýöne şonda bedeniň aýry-aýry agzalarynyň we ulgamlarynyň ösüşinde «psihofiziki infantilizm» diýlip atlandyrylýan gödek ýoýulma (anomaliýa) alamatlary bolmaýar.

Psihiki infantilizmiň çylşyrymlaşan görnüşi, psihiki infantilizmiň beýleki psihopatologik alamatlara utgaşyp geçmesi bilen häsiýetlenýär. Meselem, psihoorganik alamatlar toplumy bilen utgaşan organiki infantilizmde emosiýalaryň janlylygy, ýitiligi bolmaýar. Olar keýpihon, biparh, çem gelen zady gürlegen bolup, emosional duýgularynyň ýüze çykyşy ýüzleý hem takyklanylmadyk bolýar. Akyl taýdan alanyňda, olaryň pikir ýöredişi haýal-ýagallygy, şol bir pikiriň köp gaýtalanaganlygy hem-de akyly düzýän zatlaryň (üns, huş, psihiki işewürlik) bozulmasy bilen häsiýetlenýär.

***Serebroastenik*** (beýni gowşaklygy) alamatlar toplumy bilen utgaşanda göçgünliligiň, ýadap tapdan düşmekligiň ýokarlanmasy, ünsüň durnuksyzlygynyň has aýdyň ýüze çykmasy we somatowegetatiw bozulmalaryň peýda bolmagy (uky bozulmalary, işdäniň kesilmegi, wazowegetatiw alamatlaryň döremegi) bilen häsiýetlenýär.

Psihiki infantilizm psihoendokrin alamatlar toplumy bilen utgaşanda, keseliň kliniki ýagdaýy ol ýa-da beýleki bir gormonal bozulmasyna mahsus bolan infantilizmiň häsiýetleri we psihiki aýratynlyklary arkaly kesgitlenilýär. Psihiki infantilizm özbaşdak bir kesel hökmünde, şeýle hem beýniniň ösüşden galmagynda, onuň ir wagtky juda bir gödek bolmadyk organiki zeperlenmesinde hem-de edep-terbiýe görmän başyna gidenlerde döreýär.

Kemakyllygyň ýüze çykyşynyň derejesine baglylykda oligofreniýa-debillige, imbesillige we idiotiýa bölünýär.

**Akylyň doly ösüp ýetişmedik ýagdaýly alamatlar toplumy (sindromy).** ***Oligofreniýa (kemakyllyk)*** – psihikanyň dikeldilmesi kyn bolan, durnukly, birinji nobatda, akyl taýdan doly ösüp ýetişmedik derejesidir. Bu dogabitdi ýa-da üç ýaşa çenli döwürde organiki patologiýanyň beýnini zeperlemesi bilen baglanyşykly ýagdaýdyr. Akyl ýetmezçiligi bilen bir hatarda, ol hemişe emosional erkiň, sözleýşiň, motorikanyň we şahsyň tutuş durkunyň ýetmezçilikli ösmegi bilen häsiýetlenýär.

Psihiki ösüşdäki wagtlaýyn togtaýyşlar psiho-fiziki infantilizmiň, çaganyň gowşak bolup dogulmasynyň, gowşak doglan çyrçykly çaganyň yzygiderli iglediji kesellere ýolukmagy netijesinde asteniýanyň uzaga çekmeginiň, maşgalada çaga terbiýesine sowuk-sala garalmagy netijesinde gözi şowaraklaryň we gulagy agyrraklaryň sözleýşindäki ösüşiň bozulmalarynyň netijesinde ýüze çykýar. Bu wagtlaýyn togtaýyşlar lukmançylyk-pedagogiki (terbiýe berijilik) kömegiň berilmegi netijesinde aradan aýrylyp, olaryň akyl taýdan yzagalaklygy akyly kadaly ýagdaýdaky adamlara garanda biraz pesräk derejede saklanylyp bilner.

***Debillik*** – ýeňil görnüşli akyl kemisligi bolup, ilkinji nobatda, abstrakt-logiki oýlanma zeper ýetirilýär. Ýöne oňa garamazdan, anyk şekillendirişli pikirlenme abat ýagdaýda saklanyp galýar. Debillikde duýuş arkaly akyl ýetirmekden rasional akyl ýetirmeklige geçmek, anyk, çürt-kesik gürrüňdeşlikden abstrakt gürrüňdeşlige geçmek kynlaşýar. Gürrüňdeşligiň çylşyrymly görnüşleri: analiz we sintez, toparlara bölmek, deňeşdirmek ýaly akyl-paýhasy talap edýän işler doly derejede alnyp barylmaýar. Akyla mahsus bolan alamatlaryň hil doly derejede ösüp ýetişmeýär, ýagny akylyň-gözýetimiň giňligi, çuňlugy, özbaşdaklygy, delillendirilişi, logikligi, çeýeligi, tankydylygy pes bolýar. Akyly düzüjileriň peseliş derejesi dürli görnüşde bolup biler. Ünsüň kanagatlanarly we mehaniki ýatkeşligiň ýitirilmän saklanyp galan ýagdaýynda näsagyň ýeterlik derejede

bilim-düşünje toplamak, okamak, ýazmak, hasaplamak ukyplaryny öwrenmegi, haýsydyr bir ýönekeý iş hünärini edinmegi mümkindir. Psihiki «senetleri» (düşünjeleri) alşy welin, juda çäkli bolýar.

***Imbesillik*** – akyl kemisliginiň aram görnüşi bolup, näsaglaryň abstrakt pikirlenme ukyplarynyň ýitirilmegi, çürt-kesik şekillendirişli oýlanmada bolsa kynçylyklaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Olarda logiki taýdan dogry pikir ýöretmek asla mümkin bolmaýar. Zatlaryň we hadysalaryň aratapawudyna düşünmeklik diňe çürt-kesik, açykdan aýdyň bolan şertlerde elýeterli bolýar. Oýlanmasy, pikir ýöretmesi juda çäkli, özbaşdaklykdan mahrum, elgarama ýagdaýda bolup, ýöredýän pikirleriniň köpüsi ýönekeý öýkünmeleriň netijesi bolup durýar. Käbir ýagdaýlarda kanagatlanarly mehaniki huşuň duş gelýändigine garamazdan, akyly düzüjilere gödek zeper ýetirilýär. Dilden sözleýişde ýönekeý sadaja sözlemleri düzüp bilmek ukybynyň saklanýandygyna seretmezden, söz baýlygynyň gory juda çäkli bolýar. Sözleýşe agrammatizmler, sözleriň doly aýdylmazlygy ýaly kemterlikler häsiýetli bolýar. Awtomatizmleşdirilen emeller ukybynyň hem-de başarnygynyň azda-kände saklanmagynyň esasynda, zähmetiň ýönekeýje sada görnüşlerini öwrenip, öz-özüne seretme ukyplaryny alyp bilýär.

***Idiotiýa*** – akyl kemisliginiň çuňňur agyr derejesi bolup, düşünjeli oýlanmanyň ähli görnüşleriniň ýoklugy, görkezme esbap hereket oýlanmasynyň azda-kände saklanmasy bilen häsiýetlenýär. Şunda bolup geçýän zatlary reagirlemegiň göwrümi azalyp, ol diňe fiziologiki talap edişiniň çäklerinde oňňut edýär. Duýujylyk saklanyp galýar, ýöne ünsüň güýçli bozulmagy we zerur bolan akyl operasiýalaryny (ölçerip-dökmek) geçirmek mümkinçiliginiň ýoklugy sebäpli, kabul ediş doly geçirilip bilinmeýär. Sözlemleri düzmek we aýdylýan sözlere düşünmek ukyby düýbünden bolmaýar. Olar dil çykarmandyklygy sebäpli gürläp bilmeýärler. Hereketleri birmeňzeş gaýtalanagan bolup ýa-ha awtomatizmleşdirilen instinktiw (özünden biygtyýar) hereketler bilen, ýa-da gyjyndyryjylaryň täsirine gaýtargy berme hökmündäki ýönekeý biologik ähmiýetli hereketler bilen çäklendirilen bolýar. Näsaglar aglaba özbaşdak ýaşap bilmeýär, ideg edilmegine mätäç bolýarlar.

Akylyň ýokarda görkezilen ösüşden galma alamatlar toplumy dürli sebäplerden dörän kesellerde – hromosom bozulmalarda, enzimopatologiýada, madda çalşyk bozulmalarynda, şeýle-de heniz göwredekä enesinde bolup geçýän gipoksiýa, şikeslenme, ýokanç keseller, zäherlenmeler netijesinde çaganyň beýnisine zeper ýetmegi; çaganyň doglan pursatynda asfiksiýasy, şikes almagy, şeýle hem doglandan soňraky üç ýylyň dowamynda geçirilen meningitler, ensefalitler, zäherlenmeler, şikesler ýaly çaganyň beýnisine zeper ýetirilmegi netijesinde duş gelýär.

**Akylyň peseliş alamatlar toplumlary (sindromlary).** ***Demensiýa (akylyň kemelmegi)*** – esasan, akylyň düzedilmesi kyn peselmesi bolup, beýniniň üç ýaşdan

soňky dörän patologiýasy bilen baglanyşyklydyr. Akylyň peselmegi beýniniň organiki zeperlenmesini aňladýar. Şol sebäpli hem ol düzedilip bolunmaýan häsiýete eýedir. Akylyň peselmegi akyly düzüjileriň bozulmagy, aýratyn-da psihiki «senediniň» hem-de akylyň ekstraintellektual prosesleriniň (emosional erk tarapdan) bozulmagy bilen baglanyşykly bolýar.

Akyl bozulmalary düzümine we çuňlugyna baglylykda lakunar (çäkli) we total (tutuşlaýyn) demensiýa bölünýär.

***Lakunar (çäkli) demensiýa*** – akylyň kemelmeginiň bir görnüşi bolup, ilki bilen ýatkeşlige we ünse zeper ýetmegi bilen häsiýetlenýär. Bu psihiki prosesleriň bozulmagynyň gyradeň dälligi, alamatlarynyň kähalatlarda gysga möhletiň dowamynda «ýylpyldap», çala bildirip ýitip durmasy bilen häsiýetlenýär. Lakunar demensiýada näsagyň akylynyň köp häsiýetleri öňküligine saklanýar. Umuman alanyňda, edim-gylymlarynyň, özüni alyp barşynyň esasy görnüşleri, ýagny näsagyň nämedir bir zada bütin durky bilen berilmegi, uýýan pikirleri özgermän öňküligine galýar. Ýöne şeýle-de bolsa, köplenç halatda şahsyň käbir häsiýetleri ýitileşýär, gylyk-häsiýetine ozaldan mahsus bolan käbir aýratynlyklary birneme üýtgeýär, ýagny ýaramazlaşyp, öte geçme görnüşine eýe bolýar. Meselem, tygşytlylyk häsiýeti gysgançlyga, husytlyga, ynamsyzlyk häsiýeti müňkürlige, garasöýmezlik, dymmalyk häsiýeti adamlary ýigrenmeklik derejesine ösüp geçýär. Emosional taýdan alanyňda, dismnestiki kemakyllygy bolan näsaglara ýuka ýüreklilik, ejizlemeklik, emosional durumsyzlyk, hamsygyp durmaklyk häsiýetli bolýar.

Dürli görnüşdäki beýni damarlarynyň tutuşlaýyn zeperlenmesi bilen geçýän keseller, ýagny ateroskleroz we gipertoniki keseller, süýjüli diabet keseli mikroangiopatiýasy, kollagenozdaky damarlaryň ulgamlaýyn bozulmasy, merezýel ýokanç keselleri lakunar (çäkli) akylyň kemelmegini döredýän sebäpleriň biri bolup durýar.

***Total (tutuşlaýyn) demensiýa*** – ilkinji nobatda akylyň iň möhüm funksiýalaryna zeper ýetirilmegi bilen ýüze çykýar. Total demensiýasyna, adatça, pikirlenmäniň, ýokary aňyň logiklik, delillendirijilik, özbaşdaklyk, bilesigelijilik, özboluşlylyk, ugur tapyjylyk, önjeýlilik, çuňluk, giňlik, çeýelik ýaly häsiýetleriniň bozulmasy mahsus bolýar. Total demensiýasynda näsagyň öz kemçiligine tankydy garaýşynyň bolmazlygy oňa dogry kesgidi goýmakda ygtybarly tutaryk bolup, total demensiýasyny lakunar demensiýasyndan tapawutlandyrmaga ýardam edýär. Beýniniň käbir beterleşýän kesellerinde total demensiýa lakunar demensiýanyň tapgyryndan soň döräp başlaýar. Huşuň, ýatkeşligiň bozulmalary örän gödek görnüşlerde bolup geçýär. Şahsyň bozulmalary gödek ýoýlup, näsaglar öňküligini ýitirýär («şahsyň teý özeni düýbünden üýtgedilýär»). Olar paýyş sögünip, adamlaryň öňünde çyp ýalaňaçlanyp, duran ýeriniň nireligine garamazdan, hatda öýüň içinde haly düşege buşugyp, uly täret edýärler.

Demensiýanyň sebäpleri bolup aşakdakylar hyzmat edip bilerler: beýniniň beterleýän organiki keselleri, ýagny şikesler, meningoensefalitler, arakdan, se-

nagat serişdelerinden, içerde ulanylýan himiki we gaýry zatlardan zäherlenmeler, strangulýasion (asylyp bogulmadan) demikme. Beýniniň beterleýän organiki keselleriniň destruksiýaly geçýänleri – garrylyk atrofiki prosesleri, degeneratiw prosesler – leýkodistrofiýa, köp sanly nesil yzarlaýan enzimopatiýalar – gepatolentikulýar degenerasiýasy, amawrotik idiotiýa, beýniniň damar keselleri – merkezi ateroskleroz, endoarterit, barha beterleýän kelleçanak içindäki ýokanç keseller, progressiw paraliç, geçip duran wagtlaýyn ensefalitler çuňňur akyl peselmesini döredip, marazma (akylyň doly ýitirilip, haýwan ýaly derejä ýetmek) eltip biler.

***Garaguşagyry (konsentrik) kemakyllygy*** aslyýetinde akylyň kemelmeginiň görnüşleriniň biridir. Garaguşagyrynyň geçişiniň giçki tapgyrlarynda huş hem-de düşünme ukyby bozulýar. Ýöne bu ýerde pikirlenmäniň, şahsyň özgermesiniň düýpli aýratynlyklary bolýar. Näsagyň pikirlenmesiniň esasy aýratynlygy pikirlenmäniň şol bir pikirleriň daşynda aýlanyp, ikinji derejeli ownuk-uşak zatlaryň oýlanma prosesine birsyhly girizilmesi, aýdylýan zatlaryň has uzaga çekdirilip, jikme-jiklendirilip aýdylmasy, sözleri saýlap almakda kynçylyk çekmesi we söz gorunyň garyplaşmasy (oligofaziýa) ýaly ýetmezçiliklerden ybaratdyr. Söz ýetmezçiligi köp sanly gaýtalanmalar hem erjellik bilen gaýtalanýan «aýlawly sözleri» getirmeler bilen çalşyrylýar. Şahsy özgermelerine özlerine bolan ownuk talapkärliginiň artmagy, ýagny aşa tertiplilik, yhlaslylyk, jürlük, süýji sözlülik, çaganyňky ýaly suwjumak mähir-muhabbetlilik ýaly häsiýetleriniň zalymlyk, garasöýmez ýekemenlik, diňe öz aýdanyny dogry hasaplap, beýlekileriň hem şoňa tabyn bolmagyny islemek ýaly häsiýetler bilen utgaşyp gelmegi mahsusdyr. Şeýle hem olara, gyzyklandyrýan zatlarynyň çäkleriniň daralyp, pikirdir-aladalarynyň diňe öz bähbitlerine gönükdirilmegi häsiýetlidir. Huşundaky bozulmalar saýlama häsiýetli bolýar. Näsaglaryň hut özleri üçin wajyp bolan zatlary hakydasynda saklanyp, özleri üçin uly ähmiýeti bolmadyk zatlar bolsa ýadyndan çykýar. Olarda aýdylýan zatlary umumylaşdyrmaklyga bolan ukyplaryň peselendigini esasy zatlary ikinji derejelisinden tapawutlandyryp, nakyllardyr atalar sözlerini dogry beýan edip bilmezliginden görmek bolýar.

***Şizofrenik kemakyllykda*** huşa hiç hili zeper ýetirilmeýär we abstrakt pikirlenme ukyplary saklanyp galýar. Ýöne şol bir wagtda pikirlenmäniň tertipli düzülişi we maksada laýyk gönükdirilişi bozulyp, hereketlenmäniň peselmegi bilen perwaýsyzlyk, biagyrylyk, geleňsizlik güýçlenýär. Süňňüniň sagdygyna, güýç-kuwwatynyň hem bilim-düşünjesiniň ýeterlikdigine garamazdan, olarda hiç hili zähmet çekmäge höwes, adamlar bilen gürrüňdeş bolmaga isleg döremeýär. Näsaglar üst-başyna seretmegi, özlerine timar bermegi, wagtynda ýuwnup-ardynmagy bes edýärler we hapysa sölitelere öwrülýärler. Keseliň soňky tapgyry, akylyň uzak wagtlap «hereketsizlikde» bolmagy ozalky bar bolan endikleriň we toplanan bilim-düşünjeleriň unudylmagyna getirýär.

## 12-nji bap. Emosiýalaryň bozulmalary

**Katatim görnüşi** – durmuşyň emosional dartgynlygy döredýän aýry-aýry ýagdaýlarynda peýda bolýar. Bu reaksiýalar belli bir derejede gysga möhletli, durnuksyz, psihogen şertleriň esasynda emele gelýär. Şeýle görnüşden newrozlar we reaktiw psihozlar döreýär.

**Golotim görnüşi** – psihopatologik ýagdaýlaryň polýarlygy, şolaryň ilkinjiligi (endogen şertlendirişlileri) belli bir derejede durnuklylygy we döreýiş döwrüniň dürlüligi bilen häsiýetlenýär. Şonda adamyň hususy ýagdaýy we töweregindäki ýagdaý ýokary ähmiýet berilýän ýa-da paranoid düşündirmelere duçar bolýar. Şol düşündirmeler mazmuny boýunça emosiýanyň agdyklyk edýän ýagdaýyna gabat gelýär. Emosional patologiýanyň şeýle görnüşi endogen psihozlaryna (maniakal-depressiw psihoz, inwolýusion psihozlaryň käbirisi, şizofreniýa) häsiýetli bolýar.

**Paratim görnüşi** – dissosiasiýanyň döremegi bilen häsiýetlenýär, ýagny emosional çäklerde (sferada) emosiýalaryň ýüze çykyşy we psihiki işiň gaýry komponentleriniň aralygyndaky bitewülik ýitirilýär. Bu ýagdaý şizofreniýada duş gelýär.

**Eksploziw görnüşi** – emosiýanyň patologik reaksiýalary bermegi, emosiýalaryň ýüze çykyşynyň kynlaşmasy, haýal-yagallygy olaryň göçgünlilik, hyjuwlylyk ýaly alamatlar bilen utgaşýandygyndan ybaratdyr. Emosional reaksiýalar birden başlanyp, tizden hem tamamlanýarlar we paroksizmal häsiýetli bolýarlar. Şunda gaharly tukatlyk, gorky ýa-da uly şatlyk bilen keýpiniň göterilmegi ýaly ýagdaýlar agdyklyk edýär. Emosiýanyň şeýle patologiýasy garaguşagyra, beýniniň käbir organiki kesellerine häsiýetli bolýar.

**Dement görnüşi** – barha beterleýän kemakyllygyň alamatlary bilen utgaşýar. Aşaky – pes impulsiw küýsegleriň erkiňe buýrulyp saklanylyşy gowşaýar, nämedir bir zada birden gahary gelen näsag, wagtynda özüne erk edip köşeşip bilmeýär. Şeýle näsaga arkaýynlyk, giň göwünli perwaýsyzlyk, keýpi joşgunlylyk ýa-da tersine keýpsizlik, biperwaý sustupeslik, höwessizlik, hereketlenişiniň azalmasy, duýdansyz ýerliksiz hereketler edip, şoňa-da tankydy garaýşynyň bolmazlygy ýaly häsiýetler mahsusdyr. Emosional patologiýanyň şeýle görnüşi barha beterläp, kemakyllyga getirýän kesellere (garrylyk psihotiki ýagdaýy, beýni damarlarynyň aterosklerozy, presenil demensiýalar, progressiw paraliç we başgalar) häsiýetli bolýar.

Alamatlary boýunça emosiýalar öndürijilikli we negatiw görnüşlere bölünýär.

Emosional bozulmalaryň öndürijilikli emosiýalary duýujylyk äheňine baglylykda emosional giperesteziýalara we gipesteziýalara degişli edilýär.

**Emosional giperesteziýa** – bu duýujylyk tonunyň bozulmasy bolup, adaty duýuşyň we kabul edişiň güýjüniň duýulýan zada bap gelmezlikli ýagdaýda has ýokary emosional öwüşgin bilen geçmegidir. Ol emosional reaksiýa berlişiň çäklilik

derejesi peselende döräp, adatça, giperakuziýa, giperosmiýa, senestopatiýalar bilen utgaşýar.

**Emosional gipesteziýalar** – bu duýujylyk tonunyň bozulmasy bolup, adaty duýuşyň we kabul edişiň güýjüniň duýulýan zada bap gelmezlikli ýagdaýda has pes bolan emosional öwüşgin bilen geçmegidir. Emosional reaksiýa berlişiň çäklendiriliş derejesi ýokarlananda döreýär. Munda derealizasion hem depersonalizasion bozulmalary ýüze çykýar.

**Emosional ýagdaýlaryň, gatnaşyklaryň we reaksiýalaryň bozulmalary.** Emosional ýagdaýlaryň, gatnaşyklaryň we reaksiýalaryň patologiýasy gipotimiýadan, gipertimiýadan, paratimiýadan, emosiýalaryň dinamikasynyň bozulmalaryndan ybaratdyr.

**Gipotimiýa. Tukatlyk** – gam-gussanyň, göwnüçökgünligiň we ähli psihiki prosesleriň ezýet berilmesi, basmarlanylmasy agdyklyk edýän emosional ýagdaý. Kükrekde, ýüregiň sebitlerinde gynaýjy gysylma, daralyp basylma ýaly agyr duýgular bilen geçýän sustupeslikli tukatlyga *ýürek alnyndaky wital* diýilýär. Depressiw, newrotik, depressiw paranoid we oneýroid alamatlar toplumlarynda, disforiýalarda ýüze çykýar.

**Howsala** – içiňden tolgunma, ynjalyksyzlanyp aladalanma, gursagyň daralyp, kalbyňda dartgynlygyň peýda bolmagy bilen häsiýetlenýän emosional ýagdaý ýa-da reaksiýa. Öňde betbagtçylykly bir apatyň süýşüp gelýänligini duýup, şoňa göwnüçökgünlilik bilen gorkuly garaşmak, şolaryň täsiriniň geljege gönükdirilenligi barada howsala düşüp aladalanmak ýaly alamatlar bilen geçýär. Tukatlykdan tapawutlylykda howsala janlandyryjy okgunly affektdir. Newrotik, howsalaly-depressiw, ýiti paranoidli, affektiw paranoidli alamatlar toplumlarynda we akylyň alagaraňkylykdaky ýaly bulaşmasynda duş gelinýär.

**Aljyraňňylyk** – gümürtiklik, düşnüksizlik, nalajedeýinlik ýaly özgeren, durnuksyz emosional başdan geçirmeler bilen häsiýetlenýär. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bulaşmalarynda, affektiw atipik, affektiw, ýiti paranoidli alamatlar toplumlarynda duşup, şolaryň aýratyn ýitiligini şöhlelendirýär.

**Fobiýalar (gorkular)** – emosional ýagdaý ýa-da reaksiýa bolup, mazmuny boýunça öz durmuş ýagdaýy ýa-da jan saglygy barada gorkuda bolup, howsala düşmekden ybaratdyr.

Fobiki, ýiti paranoid alamatlar toplumynyň, ýiti gallýusinozyň, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bulaşmalarynyň, gipotalamik paroksizmleriň, çagalaryň gijeki we gündizki gorkularynyň hataryna girýär.

**Gipertimiýa. Eýforiýa** – näsagyň özüniň keýpihonlygyna görä töweregi şatlyk-gülküde, bagtyýarlykda, hezillikde ýaly duýmagy we pyrlanyp tans etmäge, iş-aladalara höwesjeňlik bildirilip, hyjuwyň agdyklyk edýän emosional ýagdaýy. Maniakal ýagdaýda, maniakal-paranoidli, oneýroid, parafren alamatlar toplumlarynda, alkogol we käbir narkomanik we toksikomanik serhoşlyklarda duş gelýär.

**Imisalalykly, gaýgy-gamsyz arkaýynlyk** – lezzet alyp kanagatlanarlyk duýguly, aladasyz, işe höwes bildirmezligi, dokuzyň düzüwligi bilen häsiýetlenýän emosional ýagdaý. Paralitik, psewdoparalitik, psihoorganik we Korsakowyň alamatlar toplumlarynda, şeýle-de demensiýa alamatlar toplumlarynyň käbir görnüşlerinde duş gelýär.

**Ekstaz** – keýpiň juda ýokary galyp heýjana gelmek, gaty hoşal bolup şatlanmak, köplenç halatda toslama görnüşde, dini öwüşgin berme bilen geçýän emosional ýagdaý. Akyl-huşuň aýratyn görnüşli ýagdaýlarynda, atipiki (adaty däl) maniakal alamatlar toplumynda, käbir oneýroid ýagdaýlarda duşýar.

**Gahar-gazaplylyk** – töwerekde bolup geçýän zatlara we wakalara ynjyklyk, ynanmazlyk, nägilelik görkezmegiň ýokary görnüşlisi bolup, dawa-jenjellige, duýdansyz topulmalara, gazaply hereketlere ýüz urmaga ýykgyn edilýän ýagdaý. Disforiýada (keýpiň bozulmalarynda), akylyň alagaraňkylykdaky ýaly bulaşmasynda, psihoorganik we adaty bolmadyk maniakal alamatlar toplumlarynda duşýar.

**Disforiýa** – näsagyň keýpi garaşylmadyk, duýdansyz ýagdaýda özgerýär: näsagy tukatlyk gaplap alyp, gahar-gazaba münýär, emosional dartgynlylygy artyp, urşaganlyga, howply hereketlere ýüz urmagyna getirýär. Näsag garaşylmadyk gahar-gazaply, göçgünli ýagdaýa düşüp, biçak hatarly hereketlere ýüz urýar, kimdir birini wagşylyk bilen ýenjip, hatda öldürip hem bilýär. Olaryň şeýle agyr günäli işleri etmegine, köplenç ýagdaýda ujypsyz, ýönekeýje bir bahanalar sebäp bolýar, hatda hiç hili sebäpsiz hem olar şol hereketleri edip bilýärler.

Disforiýanyň dowam edişiniň uzaklygy birnäçe sagatdan iki-üç güne çekýär. Disforik ýagdaý ykmandalyga (dromomaniýa), arak içip, serhoş bolup ýörmek (dipsomaniýa) ýaly patologik isleg-küýsegleriň güýçlenmegine we olaryň amala aşyrylmagyna ýardam edýär. Näsaglar şol döwürde eden hereketleriniň käbirini ýadynda saklap bilmeýär. Garaguşagyryda, dürli sebäplere görä dörän rezidual organiki ýagdaýlarda zäherlenmelerde (intoksikasiýalarda), ýokanç kesellerde (infeksiýalarda), şikeslerde (trawmalarda) duş gelýär.

**Distimiýa** – paroksizmal häsiýetliligi, dowamlylygy we wagt ölçeginde gyraňladylyşy boýunça edil disforiýa meňzeş bolýar. Distimiýalarda disforiýalardan tapawutlylykda gahar-gazaplylyk, töweregindäkilere ýigrenç duýgulary bolmaýar. Näsaglar özlerini biçak çykgynsyz ýagdaýa düşen hasaplap agyr gam-gussany, tukatlygy başdan geçirýärler, geljek olar üçin umytsyz, häzirki wagt bolsa, begençsiz, şatlyksyz, garaňky bolup görünýär. Olar özlerine edilmedik agyr, günäleri ýöňkäp, öz geçmişinde bolup geçen ýakymsyz wakalaryň ähmiýetini çişirip görkezýärler. Hereket etmeklige bolan çuslugy, okgunlylygy hem pikirlenme ukyby birneme peselýär, aram-aram öz janyna kast etmäge hyýallanýar. Howa basyşynyň hem Gün şöhlesiniň özgerip durmasy distimiýanyň döremegine ýardam edip biler. Distimiýa meningitleriň, şikesleriň, zäherlenmeleriň netijesinde dörän rezidual organiklilerde duş gelýär.

**Paratimiýa. Ambiwalentlilik** – şol bir fakta, zada ýa-da waka baha bermekde nyşanlary boýunça biri-birlerine garşy gelýän emosiýalaryň bir wagtda, bilelikde bolmagy. Meselem, hassahanada ýatan näsag yzyndan görmäge gelen aýalyny ogşamakçy bolup egilýär-de, birdenem ony duýdansyz dişleýär ýa-da depip goýberýär. Şu alamat, köplenç halatda şizofreniýada duş gelýär.

**Emosional bap gelmezlik (adekwatsyzlyk).** Emosional reaksiýanyň hiliniň ony döredýän sebäbe bap gelmezligi. Emosional bap gelmezligiň görnüşleriniň biri familiýa, ýagny öz nebereleriňe bolan ýigrenç duýgusydyr. Şu alamatlaryň ikisi-de şahs bozulmalarynyň katatonikileriniň we negatiwleriniň düzümine girýär. Haçanda, emosional bap gelmezlik bolup geçýän ýagdaýlaradyr wakalara gabat getirilmezden, delillendirilmedik şatlyk, keýpihonlyk, özüňi samsyklaç alyp barmak, biagyrylyk, çaga garagollygy, masgarabazlykly wäşilik bilen ýüze çyksa, onda bu ýagdaý gebefreniklik hasap edilýär.

**«Agaç we aýna alamaty»** – emosional kütekligiň sähel zady göwnüne alýan öte näziklik, ýokary duýgurlyk, kalba agram salynmalara çydamsyzlyk bilen utgaşmasy. Şunda emosional reaksiýanyň güýji we hili gyjyndyryjynyň ähmiýetine bap gelmeýär. Bu alamat şahsyň şizofreniýadaky ilkibaşky negatiw bozulmalarynyň düzümine girýär.

**Emosiýanyň dinamikasynyň bozulmalary. Emosional labillik** – emosiýalaryň polýarlygynyň ýeterlik esassyz, kähalatda bolsa hiç bir sebäpsiz, tiz hem çalt-çaltdan üýtgäp, çalşyp durmasy. Asteniki, abstinent alamatlar toplumlaryna, aňyň alagaraňkydaky ýaly bulaşmalaryna, kakyn-tutgaýlaryna, deliriýa häsiýetli bolýar.

**Emosional reaksiýanyň haýallamasy (inertliligi, rigidliligi)** – emosional reaksiýanyň uzalmagy bilen häsiýetlenip, sebäp, delil tamamlanyp aýrylandan soň hem, bir emosiýada säginilip uzaga çekdirilmegi. Şahslaryň garaguşagyrydan özgerenlerinde, psihoorganik alamatlar toplumynda duş gelýär.

**Ejizlik** – emosional reaksiýalarynyň erkiňe buýrup saklap bolýanlaryny saklabilmezlik. Beýni öýjükleriniň funksional, dikeldip bolunýanynyň däl-de, organiki özgeren ýagdaýynyň işjeňliginiň peselendigini häsiýetlendirýär. Şol sebäpli hem emosional ejizlik beýni damarlarynyň aterosklerozynda we beýniniň ilkinji atrofiýalarynda duş gelýär. Kliniki tarapdan ol ýagdaýlaryň geçip duran halatynda ýetirilýän täsirlere we edilýän gürrüňleriň mazmunyna bagly bolýar. Tötänlikde dörän ajy ýatlamalar şobada näsagyň keýpini bozup şumjardýar, ýüzleýje berlen teselli bolsa, ony köşeşdirip rahatlandyrýar, hatda begendirip hem bilýär.

**Negatiw emosional bozulmalaryň görnüşleri:**

***1. Emosional rezonansyň bozulmagy*** – emosional reaksiýalaryň ekstensiwliginiň (ýaýbaňlanaganlygynyň) azalmagy, ýagny adama ozal emosional reaksiýany beren zatlarynyň, ýagdaýlaryň, talaplaryň, edýän işleriniň toplumynyň azalmagy.

**Patologik emosional inwersiýasy** – utilitar-gedonik talaplara reaksiýa bermeklige gönükdirilen emosional rezonansyň aňrybaşy daraldylan derejesidir.

***2. Emosional niwelirleme (ýylmama)*** – adama öňden mahsus bolan, aýyl-saýyl edilýän emosional reaksiýa berlişiň ep-esli peselmegi. Ol zatlara, hadysalara, ýagdaýlara, talaplara, dürli ähmiýetli işleriň görnüşlerine berilýän emosional reaksiýalaryň barynyň bir gyradeňlikde, pes görnüşde ýüze çykarylmagy bilen häsiýetlenýär.

**Emosiýalaryň solmagy** – üm-yşaratlaryň ýüze çykarylyp, emosiýalaryň (ýüz-gözi oýnatmalaryň) açykdan aýdyňlaşdyrylyşynyň (ekspressiwliginiň) güýjüniň peselmegi.

**Emosional küteklik** – duýmazlyk, biparhlyk, emosiýalardan doly dyndarylmak (emosiýalaryň şel açmasy), emosional reaksiýalaryň ýitirilmegi.

**Apatiýa** – emosiýalaryň ýüze çykyş ýitiliginiň bolmazlygy ýa-da biçak peselmegi, biperwaýlygyň, parhsyzlygyň beterleşip, sözleýşiň bir äheňli bolmagy bilen häsiýetlenýär. Töwerekdäkileriň gürrüňleri we hereketleri olaryň göwnüne degmeýär, utandyrmaýar, geňem galdyrmaýar. Olara hiç hili täsir etmeýär. Bu ýagdaýda näsagyň etsem-petsemi, hiç hili aladasy bolmaýar, hiç zady duýmaýar. Olar edil diri öli ýaly bolýarlar. Näsaglar özleriniň «saňgaty tagta öwrülendikleri», çagajyklarynyň ykbaly barada alada etmeýän, doňýürege dönendikleri barada gynanç bilen aýdýarlar. Bu ýagdaý «Anaesthesia psychia dolorosa» diýlip atlandyrylýan depressiw alamatlar toplumyna mahsus häsiýetdir.

**Emosional seslenmeklik (öýkünmeklik)** – kemakyllykdaky beýniniň diffuz organiki bozulmalarynda näsaglar dörän ýagdaýy seljermegi bes edýärler. Seljermegiň bes edilmegi bolsa şol dörän ýagdaýa emosional taýdan reaksiýa bermekligiň kesilmegine getirýär. Emosional reaksiýalar şeýle näsaglarda şöhlelenýän görnüşde ýüze çykýar, ýagny olar töwerekdäkileriň başdan geçirýän emosiýalaryny gaýtalaýarlar. Näsagyň ýanynda gülmeklik, tolgunmaklyk ýa-da gözýaş dökmeklik, olarda-da edil şolar ýaly reaksiýalaryň döremegine getirýär. Haçan-da olardan gülmekleriniň ýa-da tolgunmalarynyň sebäbi soralanda, olar derekli jogap berip bilmeýärler ýa-da başdansowma, ýöntem jogap berýärler. Şu alamat sözleýiş ukybynyň doly bozulan ýagdaýynda-da ýüze çykyp biler. Edil şunuň ýaly emosional seslenmäni heniz gürläp bilmeýän ýa-da ýaňy gürläp başlan has kiçi ýaşly çagalarda-da görmek bolýar. Ejeleriniň gözýaşyny gören şol çagalar badabat aglap başlaýarlar, ýöne aglamaklarynyň sebäbine welin, düşünmeýärler. Muňa fiziologik taýdan, megerem, çuňňur zeperlenme ýa-da entek ýeterlik derejede ösüp ýetişmedik beýniniň kämil bolmadyk daşky gatlagynyň togtadyjy täsiriniň ýoklugy sebäp bolýandyr.

**Emosional dartgynlyk.** Psihozlaryň aglabasynda olaryň ösüşiniň haýsam bolsa bir tapgyrynda emosional dartgynlygyň alamaty duş gelýär. Şu ýagdaý näsaglaryň delillendirilmedik sebäpsiz gorky, howsala ýa-da özüňden nägile bolmak, seljerip

bolmaýan jany ýangynlyk ýaly duýgulary başdan geçirmeginden ybaratdyr. Yzarlaýjylykly ýa-da gabanjaňlykly paranoidi bolan näsaglarda gije-gündiz ynjalyk bermeýän müňkürlik döräp, olar şol müňkürligi daş-töweregindäkilerden ýaşyrmaga, lukmanyň şol babatda berýän soraglaryny inkär etmäge synanyşýarlar. Dartgynly otrisatel emosiýalar näsagyň ukusyny bozup, işdäsini kesýär, adamlardan çeträkde, ýekelikde bolmaga mejbur edýär. Emosional dartgynlygy bolan näsaglarda öz janlaryna kast etmeklige we ýykgynçylykly hereketler etmeklige getirýän gahar-gazaplar (affektler) aňsat döreýär.

**Emosiýalaryň negatiwizmi.** Şeýle adalga bilen näsaglaryň emosional ýagdaýlarynyň (reaksiýalarynyň) garaşylmaýan gapma-garşy gelýänleri atlandyrylýar. Emosiýalaryň negatiwizmi, esasan, şizofreniýanyň alamatydyr, ýöne şonuň käbir görnüşlerine kämillik ýaşyna ýetilýän döwürdäki ýetginjeklerde-de duş gelinýär.

**Affektler.** Emosional başdan geçirmeleriň möçberiniň artmagy netijesinde hil taýdan täze bir ýagdaý emele gelýär. Güýçli we gysga möhletli emosiýa, umumy hereketlenme reaksiýasy hem-de hyjuwly wegetatiw ýagdaýlaryň döremegi bilen geçip, affekt diýen ady alýar.

**Fiziologik affekt** psihiki sagat adamlarda bolýar. Fiziologik affekt ýeterlik derejedäki düýpli bir sebäpden döräp, töwerekde bolup geçýän ýagdaýlardyr hadysalara laýyk gelýär. Şeýle ýagdaýda adamyň edýän hereketleri şonuň gylyk-häsiýetine, endiklerine ters gelýän hem bolsa, olar dörän ýagdaýa gabatlanylyp, gelşirilip amala aşyrylýar we edilen hereketlerdir işler soňra aýdyňlygynda ýatda galdyrylýar. Mundan-da daşary, affektiň ýetjek derejesine ýeten pursady hem umumy ýagdaýyň we töweregiň kabul edilişiniň ýeterlik derejedäki dogrulygy, hakykata bap getirilmegi ýitirilmeýär.

**Patologik affekt.** Onuň döremegi haýsydyr bir wakadyr ahwalat, daşarky täsir bilen baglydyr, ýöne emosional başdan geçirilmäniň güýji psihotrawmanyň güýjüne garaşly däldir. Gepiň gysgasy, ujypsyzja bahana-da emosional harasadyň gopmagyna getirip bilýär. Patologik affektiň ýeterlik derejedäki güýçli psihotrawmadan döräp bilýänligini hem ýatdan çykarmak bolmaz.

Patologik affektiň güýçlenip, ýetjek derejesine ýeten pursady adamyň aňy alagaraňkylykda ýaly bulaşýar, daralýar we näsag özüniň edýän hereketleriniň getirjek netijeleri barada oýlanman, öz eden etmişlerini ony döreden sebäpler bilen deňeşdirip ölçermeýär. Mundan-da daşary, patologik affekt ýagdaýyndaky näsag özüne häsiýetli bolmadyk elhenç zalymlygy görkezýär. Şol hyýanatçylykly hereketler onuň hususy şahsyna, umumy gylyk-häsiýetine, durkuna bap gelmeýär. Başdan geçirýän zatlarynyň has esasylaryna mazmuny boýunça gabat gelýän illýuziýalaryň we gallýusinasiýalaryň döreýän pursatlary hem seýrek däldir. Şeýle ýagdaýda olar daşyndan göräýmäge fiziki taýdan ykjam hem güýçli ýaly bolup görünýärler. Psihiki hem fiziki güýçleriniň birden köp sarp edilmegi, olary tiz güýç-gurbatdan, mejaldan gaçyryp, uzak wagtlaýyn uka gitmegine getirýär. Şol ýagdaý geçip gidenden

soňra eden işleri barada durnukly amneziýa döreýär. Näsag öz eden etmişlerine geň galyp, puşmana gelýär, ýöne özüni aklap biljek hiç bir zady ýatlap bilmeýär.

Patologik affektiň dowamlylygynyň uzaklygy birnäçe minutdan aňry geçmeýär, seýrek halatda birnäçe sagat dowam edýär. Patologik affekt, köplenç halatda patologik esasda, ýagny kelle beýni şikeslilerde, ensefalopatiýalylarda, rezidual organiklerde döreýär. Patologik affekt ýagdaýynda jenaýat eden näsaglar aňy ýoýlup edenini bilmeýän (günäkärläp bolmaýan) hasaplanylýar.

**«Gaharly ýarylma» reaksiýasy.** Ozal hem gahary gelip ýören zatlary bilen bagly ýene ýiti bir waka ýüze çyksa, adamyň ähli gahar-gazaby jemlenip, ol birden gazaply ýarylýar. Köplenç halatda, ýokarda görkezilişi ýaly, içiňde saklanan emosiýalar organonewrozlaryň, psihosomatik keselleriň döremegine getirýär. Patologik affektde bolşy ýaly, şeýle ýagdaýda-da oýlanylmazdan, maksadalaýykdygyna hem-de getirjek netijelerine seredilmezden, gazaply hereket köre-körlük bilen amala aşyrylýar. Adatça, şeýle ýagdaýda näsag özüne we töweregindäkilere howply zeper ýetirip biler. Affektiw reaksiýanyň dowamlylygy uzaga çekmeýär, ol bir sagada çenli bolýar. Ýatlamalar aýdyňlaşdyrylmadyk gümürtik bolup, wagt bilen baglanyşdyrylmaýar. Patologik affektde bolşy ýaly, munda-da adamyň aň-huşy doly durulygyna galmaýar, aňyň alagaraňkylykdaky – psihogen görnüşli ýoýulmasy ýüze çykýar.

«Gaharly ýarylma» reaksiýalaryny ilkinji bolup E. Kreçmer seljeripdir. Ol öz döwründe kazyýetde seredilen işlerden, ýagny çagalary idegleýän eneke gyzlaryň bäbekleri öldürmekleriniň häli-şindi gaýtalanyp durmagyna üns berip, şolary ýörite barlagdan geçirip netije çykarypdyr. Adatça, şolar eklenjiň gözleginde şähere çykan oba gyzlary bolup, ýakyn hossarlaryndan jyda düşmäniň ejirlerine döz gelmedik, şeýle hem öwrenişen oba durmuşyndan şäheriň çylşyrymly şertlerine düşüp, şoňada öwrenişip bilmedik, agyr güne düşen gyzlar bolupdyr. Öý eýeleriniň juda gödek daramalary, birsyhly urup-sögmeleri, sütem etmeleri, doýa-garna iýip-içmän, ine-gana ukyny alman kösenmekleri olary gaharlandyryp, kalplarynda şolaryň şeýle sütemlere sezewar edilmeginiň esasy sebäpkäri bolan idegleýän çagalaryna uçursyz güýçli ýigrenç duýgusyny döredipdir. Onsoň sähel bahana tapylsa, hatda duýdansyz gykylyklan çaganyň sesi olary ukudan oýaraýsa-da, olaryň nägilelik duýgusy uçursyz güýçlenip, gahar-gazabyny depesine çykaryp, çagany öldürmäge mejbur edipdir. Eden hyýanatçylykly işini hatda ýaşyrjak hem bolman, çaganyň ganyna galan gyz hut şol ýerde gyşaryp, arkaýyn ukusyny alypdyr. Ertesi irden olardan sorag edilende, şol edilen jenaýaty barada amneziýa barlygynyň üsti açylypdyr. Şolaryň şeýle ýagdaýyna töwerekdäkiler mönsüremek, jögülik etmek diýip düşünipdirler.

**Patologik hadysalar esasynda döreýän affekt ýagdaýy.** Şeýle ýagdaýda sözüň doly manysynda affekt patologik bolmayar, çünki onuň iň ýokary derejä ýeten pursadynda hem akyl-huşuň durulygy, aýdyňlygy doly saklanýar. Şol ýagdaýlar geçensoň bolsa, bolup geçen zatlar jikme-jik ýatda galýar. Ýöne şeýle ýagdaýa fizi-

ologik affekt diýip hem bolmaýar, çünki şolaryň döremegine ýeterlik sebäpdir delil bolmaýar. Affektiň ýokary derejä ýeten pursadynda bolsa, hereketler maksadalaýyk dälligi, samsyklaçlygy bilen tapawutlanyp, köp halatda uçursyz zalymlyk bilen häsiýetlenýär. Şoňa mysal hökmünde, töweregindäkiler bilen hemişe harçaňlaşyp urşup ýören «gaharjaň» maniýaly näsagy ýa-da «raptus melanholikus» ýagdaýynda öz janyna kast etmäge, öz-özüne agyr ýaralar salmaga synanyşýan depressiw ýagdaýly näsagy, şeýle-de sähel bahana tapsa töweregindäkilere säginmän topulmakdan, öz janyna kast etmekden gaýtmaýan göçgünli psihopaty görkezmek bolar. Şu ýagdaýlaryň ählisinde-de patologik özgeren esasyň hem emosional reaksiýa berlişiniň sagdyn bolmadyk häsiýetiniň barlygy aýdyň bolup, şol hem affektiň döremegine getirýär. Ýöne her niçik hem bolsa, ol aň-huşuň bozulma şertine girizilmän galdyrylýar.

**Emosional bozulmalaryň alamatlar toplumlary.** Emosional bozulmalaryna *depressiw* we *maniakal* alamatlar toplumlary degişlidir.

**Depressiw alamatlar toplumynda** keýpiň patologik peselmesi, pikirlenmäniň okgunlylygynyň hem hereketlenmäniň haýallamasy ýüze çykýar. Şu kardinal (esasy) alamatlar dürli görnetinlikde ýüze çykyp, depressiw alamatlar toplumynyň her hili kliniki görnüşlerde ýüze çykmagyna şert döredip biler. Depressiýalaryň dowamlylygy, adatça, birnäçe hepdeden, birnäçe aýa çekip bilýär. Depressiýalaryň käbir görnüşleri köp ýyllap hem dowam edýär.

Depressiw alamatlar toplumy ýöriteleşdirilen bolman, dürli psihiki keselleriň alamaty, ýagny maniakal-depressiw psihozyň, şizofreniýanyň, beýniniň organiki zeperlenmeleriniň, psihogeniýalaryň, ýokanç kesellerde duşýan psihiki ýoýulmalaryň, zäherlenmeleriň, alkogol psihozlaryň alamaty bolup biler.

Depressiw psihozyň doly ösüp ýetişmegi üçin 2-3 hepde wagt gerek bolýar. Şol wagtyň içinde ol gipodepressiw ýagdaýy döwrüni geçýär. Depressiýanyň gipodepressiw ýagdaýyndaky kardinal alamatlar gowşak ýüze çykýar we gyradeň bolmadyk ýagdaýda geçýär. Ilki bilen keýpiň patologik peselmesi ýüze çykýar. Şeýle patologik peselmäniň döremegine belli bir göze görnüp duran sebäp ýok hem bolsa, näsag şony durmuş şowsuzlyklary, haýsydyr bir bolup geçen waka, öz hereketlerinde goýberen içýakgyç säwligi bilen düşündirmäge çalyşýar. Sözleýşiň bady birneme haýallaýar, has dogrusy, sözleýşiň önjeýliligi peselip, peýwagtyna edilýän gürrüňleriň mazmuny garyplaşýar. Umumy hereketleniş işjeňligi hem peselýär. Kynlyk bilen hem bolsa, näsaglar gündelik işleriniň, hojalyk aladalarynyň hötdesinden gelýärler. Şol bir wagtda olaryň peýwagtyna edýän hereketleri, haýsydyr bir işiň başyny tutup başlamak ukyplary peselýär, ýöne ol hemişe göze dürtülip bildirip durmaýar. Emma gipodepressiw ýagdaýdaky näsaglarda köp duş gelýän öz janyna kast etmek ýaly hereketleri babatda aýdylanda, olaryň galjaňlygy we maksadalaýyk okgunlylygy has ýokary derejede bolup biler. Öz janyna kast etmeklik niýeti ýaşyrynlykda, oňat oýlanylyp taýýarlanylýar hem-de töwerekdä-

kilerden gizlinlikde amala aşyrmaga çalşylýar. Näsagyň keýpiniň belli bir derejede pese gaçmagy, oýlanyşynyň badynyň ýokarlanmagy hem-de hereketlenişiň işjeňleşmegi bilen aralykdaky dörän dissosiasiýa oňa amatly şertleri döredýär. Endogen depressiýada tukatlygyň irden güýçlenip, agşamaralar bolsa näsagyň başdan geçirmeleriniň gowşamagy ýaly günüň dowamynda özgerip durmagy onuň möhüm alamatlarynyň biri bolup durýar. Hut şol irdenki sagatlar jana kast edilmäniň iň amatly hem ähtimal howply wagty hasaplanylýar. Endogen depressiýanyň ýene bir görnetin görkezijileriniň biri diýlip, deksametazonyň položitel testi hasaplanylýar. Depressiýanyň beterleşmegi bilen kardinal alamatlar has aýdyňlaşyp ýüze çykýar. Keýpiň peselmesi çykgynsyz, çuňňur betbagtçylyga uçralan ýaly derejä ýetip, näsagy agyr gam-gussa basmarlaýar. Ol özüni alaçsyz ýagdaýda galan, ähli zatdan mahrum bolan adam diýip hasaplaýar. Näsaglar üçin geljek gutaran ýaly görnüp, durmuşyň ähmiýeti, ýaşaýşyň manysy gaçýar. Tukatlykdan başga, galan ähli emosional başdan geçirmeler näsag üçin elýetmez bolup galýar-da, şony hem olar iňňän gynançly hem janagyryly geçirýärler. Çagalar barada aladalanmak, ýakynlaryň abadançylygydyr sag-salamatlygy barada oýlanmak, kesekileriň begençlerine begenip, gynançlaryna gynanmak – olaryň baryna kalba agram salýan «keselbentli duýmazlyk, äwmezlik» diýilýän biperwaýlyk duýgusyny döredýär. Oňa bolsa anaestesia psychica dolorosa diýilýär. Çuňňur özgerişe diňe bir ýokary emosional başdan geçirmeler duçar bolman, eýsem, has ýöntem emosiýalar hem şeýle özgerişe degişlidir. Açlygy duýmak düýbünden ýatyrylýar diýen ýaly bolsa-da, gerk-gäbe doýmak hem olary kanagatlandyrmaýar.

Jynsy gatnaşyga bolan (aýallarda hatda aýbaşynyň kesilmesine baryp ýetinçä) isleg gowşaýar, hatda doly ýitirilýän ýagdaýy hem bolýar. Depressiýanyň ýeňil görnüşinde jynsy gatnaşyga bolan ukybyň peselmegini öňi bilen erkek kişi duýup, şol hem depressiw başdan geçirmeleriň mazmunynyň esasy ornuny eýeläp, keseliň nädogry kesgitlenmegine, kesele ýalňyş kesgidiň goýulmagyna getirip biler: depressiw ýagdaý jynsy gatnaşyga dörän gowşaklyga berilýän adaty reaksiýa diýlip düşündirilmegi-de mümkin, ýöne bu ýerde erkeklik güýjüň gowşamagy psihogen sebäpli döräp başlan däl-de, hakyky depressiw ýagdaýyň ilkinji alamaty hökmünde ýüze çykýar. Agyry duýgusy ep-esli peselýär. Özi-de näsaglar fiziki agyryny küýseýärler, çünki olaryň pikiriçe şol agyry psihiki taýdan çekilýän ejiri peseldip, olary rahatlandyrýar. Şol sebäpli-de näsaglaryň käbirleri öz-özlerini gynap, tenine agyryly ýaralar salyp dyrnaklaryny goparýarlar, endamlaryna ot basýarlar, Pikirlenmäniň önjeýliligi birden peselýär, çuňňur depressiýalarda bolsa doly ýitip hem bilýär. Pikirlenmäniň ýekemanyly diýilýän görnüşi ýüze çykyp, şonda näsagyň aňynda ýeke-täk bir pikir agalyk sürýär, kellede hemişe emosional öwüşgin berlen belli bir pikir, ýagny ýaşaýşyň gyzygynyň ýoklugy we ölmek islegi höküm sürýär.

Geçen wakalaryň ählisi babatda näsagyň huşunda hiç zadyň galmandygynyň üsti açylýar (gipomneziýa). Bu ýagdaý assosiatiw prosesleriň haýallamasynyň,

şeýle-de, geçmişiň hem häzirki wagtyň hadysalaryna gyzygynyň gaçmagynyň hasabyna döreýär. Adaty ýagdaýda näsagyň huşundan has tiz çykarylýan geçmişiň ýakymsyz başdan geçirmeleri depressiw ýagdaýynda örän ýitilik bilen ýatlanyp, öz-özüňi günäkärleme, paranoid ýaly aýdylmagyna sebäp, tutaryk bolýar. Meselem, biziň synlan näsaglarymyzyň biri, ýagny gartaşan ýaşyndaky inžener baryp ýetginjekkä bir zenanyň jaýynda kireýine ýaşan wagty şonuň mürepbesinden birnäçe çemçe ogurlap iýendigini ýadyna salyp, özüne berk temmi berilmegini talap edýär. Näsagyň şu arzasy erjellik bilen tutanýerli gaýtalanýar we oňa düzediş berlip, şol pikirinden dändirmek asla mümkin bolmaýar. Emma depressiýa aýrylandan soň, näsagyň özi şol arzyna esas bolan ýagdaýy anyklaşdyryp ýatlap bilmändir.

Depressiýa aýrylandan soň, keseliň geçen döwründe ýatkeşligiň gowşap, huşuň aram-aram ýitirilendigininiň üsti açylýar, başdan geçirilen zatlaryň bary şowsuz günleriň birinde bolup geçen ýaly görünýär, özi-de haýsy wagtda, nähili yzygiderlilikde bolandygy anyk hakydada galmaýar. Hereketlenişiň haýallamasy doly adinamiýa bilen ýüze çykýar. Näsaglar düşeklerinden turman oňýarlar, çünki herekete gelip süňňüne agram salmak, oturyp-turmak näsaglar üçin örän gynaýjy hem ejirli bolýar. Olar ýerlerinden turmakdan, hatda dikelip oturmakdan hem boýun gaçyrýarlar, çünki göwräniň dikelen ýagdaýda bolmagy, öňki ýagdaýyndan üýtgemegi olaryň gam-gussasyny artdyrýar. Kähalatlarda ýagdaý doly doňup galma derejesine, ýagny häsiýetli aýratynlygy – muskullarynyň gipotoniýasy bolan hereket stuporyna hem baryp ýetilýär. Näsagyň ýüzi ters öwrülen ýaly bolup, üm-yşaratsyz amimiýa ýüze çykýar: uzak wagtyň dowamynda çekilen çuňňur hasratlaryň nyşanlary näsagyň ýüzünde saklanyp galýar. Gözüň ýokarky gabaklarynyň daş tarapy aşak sallanyp Weragutyň gasyn üçburçlugyny emele getirýär. Ýöne depressiw stuporyň aldawçylygyny, ýalňyşdyraýmagynyň mümkindigini hem unutmaly däldir: näsagyň garaşylman durka ýykan-ýumrançylykly we autoagressiw hereketli göçgünlige geçmegi ähtimaldyr. Şeýle duýdansyz özgermä melanholiki möwç alma ýa-da raptus melancholicus diýlip at berilýär. Depressiw alamatlar toplumy psihiki tijenişiň pese gaçmagy bilen tamamlanýar, ýöne ol hemişe somatiki bozulmalaryň toplumy bilen bilelikde geçýär. Näsagyň birden hereketden galmagy netijesinde garyn muskullarynyň atoniýasynyň döremegi, içegeleriň ýylmanak muskullarynyň atoniýasy bilen utgaşmasy içegeleriň işleýiş hereketiniň gowşamagyna, köplenç halatda uzaga çekýän durnukly iç gatamasynyň döremegine getirýär. Iýmit siňdiriji şiräniň bölüp çykarýan mäzleriň işiniň ep-esli peselmegi içegelerde we aşgazanda saprofit floranyň ösüp köpelmegine, ol hem öz gezeginde içiň ýellenmegine, çüýrän zadyň ysynyň döremegine we agzyň kepäp guraksylanmagyna getirýär (simpatotoniki), «Osipowyň alamaty» hem depressiýa üçin patognomiki bolan diliň üstüniň ýagjymak fuliginozly iriň bilen örtülmegi, guraksylanmagyň döremesi bilen häsiýetlenýär. Gözýaş bölüp çykarýan mäzleriň işi hem ýatyrylýar. Dokumalaryň dolulygy, tijewliligi görnetin peselip, deri örtüginiň çeýeligi özgerýär, ýagny mys-

saryp reňki solýar, ýygyrt-ýygyrt hem mürşük bolýar. Depressiw näsaglar, adatça, daşyndan seredeniňde öz ýaşyndan uly görünýär. Parasimpatiki nerw ulgamynyň işjeňliginiň pese gaçyp gowşamasy ýüze çykýar we şonuň hasabyna simpatiki nerw ulgamynyň täsiri agdyklyk edip başlaýar. W.P.Protopopow özboluşly simpatotoniki triada (üçlük) alamatyny bölüp, oňa depressiýada duş gelýän tahikardiýany, içiň gatamaklyga ýykgynlygyny, deriniň we nemli bardalaryň guraksylygyny, şeýle-de, midriazy (göreçleriň giňelmesini) girizdi. Gije ýatyp ukusyny alyp turandan soň hem adam özüni ýeňil duýmaýar, ýagdaýynyň gowulaşandygyny aňmaýar. Näsaglaryň käbirisi gijelerine asla uklap bilmeýänliginden zeýrenip, geçirilýän gözegçiligiň netijelerine garşy gelýän maglumatlary-da berýärler. Depressiýaly näsaglaryň endam-janynyň kül-owramlygy hem tukatlygy irden turanlarynda güýçlenip, has aýdyň ýüze çykýar. Klinikada şu alamatyň differensial – anyklaýyş ähmiýeti biçak uludyr, çünki şu ýagdaý asteniki ýagdaýy depressiýalardan tapawutlandyrmakda peýdaly tutaryk bolup hyzmat edýär. Sebäbi asteniki ýagdaýda hereketleriň gowşaklygy we haýallygy, keýpiň gaçmasy, pikirlenmäniň okgunlylygynyň peselmesi günüň dowamynda barha güýçlenip, agşamara aňrybaş derejä ýetýär. Emma gijelerine ukyny almak asteniki näsaglaryň ýagdaýyny görnetin gowulandyryp, günüň irki ilkinji sagatlarynda olar özlerini oňat duýýarlar. Depressiw alamatlaryň peselip yza gaýdyşy hem döreýşi ýaly kanunalaýyk yzygiderlikde geçýär. Pikirlenişiň okgunlylygy kem-kemden güýçlenip, näsagyň ýüz-gözüni hereketlendirişi janlanýar, hereketlenmä bolan galdawlygy artýar. Näsagyň daş keşbi indi ozalky «depressiw» ýüzüne, daş keşbine meňzemeýär. Ýöne entek, ýeterlik uzak wagtyň dowamynda näsag üçin öz janyna kast etmeklige bolan oý-pikirleri esasy orny eýelemegine galýar. Keýpiniň pesräk ýagdaýda bolmagy dowam edýär, ýöne ol şol döwürde lukmanyň öňünde galdaw, şadyýan, güýç-kuwwatly görünmäge çalyşýar we şeýle etmäge ýeterlik güýç tapýar. Ýöne şeýle näsaglar hassahanadan çykarylan gününiň ertesi, akylynyň durulygynda düşnükli aýdyň hereketler edip, öz janlaryna kast etmekligi üstünlikli amala aşyrýarlar. Şeýlelikde, jana kast edilmegi babatda depressiyanyň başky we ahyrky döwri iň howply ýagdaýy döredýän pursatdyr. Şonuň üçin hem depressiýaly näsaglary hassahanadan howul-hara çykaryp goýbermäge gyssanmaly däl-de, göcgünli paranoid saplanandan soň, iň bolmanda ýene iki-üç hepdeläp gözegçiligi dowam etdirmeli. Depressiýanyň çägindäki garyşyk ýagdaý howsalaly (aźitasiýa) depressiýanyň hataryna girýär. Howsalaly öwüşgüni bolan keýpi patologik pese gaçan ýagdaýdaky näsaglarda okgunly herekete gelmeklik ýokary galýar. Hatda onuň görnetin psihomotor göçgünlilige çenli baryp ýetýän we pikirlenişiň okgunlylygynyň artýan mahallary hem bolýar.

Howsalaly depressiýa alamatlar toplumy, köplenç halatda ýaşy birçene baran aýallarda döregen bolýar. Howsalaly näsaglar aýratyn üns berilmegine, gözegçilikde saklanylmagyna mätäçdirler. Adatça, olar hemişe hereketde bolup, özlerine ýer tapmaýarlar, bir ýerde takat tapyp oturyp bilmän, ellerini gaňryp, towlap bira-

hat bolýarlar, maýyny tapyp bildigi öz synalaryna şikes ýetirmäge synanyşýarlar, başlaryny diwara urup, saçlaryny ýolup, öz-özlerini wagşylyk bilen gynaýarlar, öz janlaryna kast etmekligiň küýüne düşüp, şony amala aşyrmaga dyrjaşýarlar. Howsalaly depressiw näsaglara giňeldilen *jana kast etmeklik* diýilýän ýagdaý häsiýetli bolýar. Meselem, *altruistik paranoidi* (başgalar üçin janyny gurban etmäge taýyn häsiýetli) bolan psihozdaky ene «çagalarym ýa-da ýakynlarym ýalançy dünýäniň ejirini çekip horlanyp ýörmesin, men bulary şol güzaplardan dyndyraýyn» diýen altruistik paranoidiň esasynda çagalaryny ýa-da ýakynlaryny öldürip, şondan soň öz janyna kast edýär. Olardaky pikirlenme, assosiasiýalaryň okgunlylygyna garamazdan, depressiw emosional öwüşginli ideýalaryň çäklerinden çykmaýar. *Samsyklaç paranoid ideýalary* – ýeňillik bilen döräp, olar ýakyn adamlarynyň ykbaly barada howatyrlanmalar bilen baglanyşykly bolýar. Affektiw doýgunlykly eşidiş illýuziýalaryň bolmagy hem ähtimaldyr, ýagny tötänlikde çykan goh-galmagal ýa-da gykylyk näsagyň gulagyna ýakyn adamlarynyň kömege çagyrýan zaryn sesleri ýaly bolup eşidilýär.

**Apatik depressiýa** tukatlyk hem apatiýa affektlerini özünde utgaşdyrýar. Näsaglary öz geljegi gyzyklandyrmaýar. Olar gymyldy-hereketsiz bolup, hiç zatdan zeýrenmeýärler, şikaýat etmeýärler. Olaryň ýeke-täk islegi özlerine azar berilmezligi, arkaýynlykda goýulmagy bolýar. Apatiko-abulik alamatlar toplumyndan şeýle ýagdaý durnuksyzlygy hem dikeldilip bolunýanlygy bilen tapawutlanýar. Apatik depressiýanyň şizofreniýa mahsusrak bolaýmagy-da ähtimaldyr.

**Ýaşyryn depressiýa** – lukmanlara ýüz tutýan näsaglaryň köp bölegini gipotimiýasy (tukatlygy, ýürek gysmasy) keseliň klinik suratlandyrylyşynda somatik hem wegetatiw bozulmalar arkaly basyrylyp, näsagyň özüne bagly bolman, ýaşyrylýan endogen depressiýaly näsaglar tutýar. Näsaglar agyrylara (ýürek, kellagyry we başg.), ukusynyň bozulmasyna, kükreginiň basylyp mynçgalýan, gysylýan ýalylygyna, gan basyşynyň galyp-peselip, üýtgäp durmasyna, işdäsiniň kesilmesine we başga ýakymsyz zatlara şikaýat edýärler. Tukatlygyň barlygy-ýoklugy barada gönümel sorag berlende, tukatlygynyň ýokdugyny aýdýarlar, sebäbi olar özlerinde şeýle depressiýanyň bardygyny bilmeýärler. Ýöne asudalyk bilen gürrüňdeş bolnanda olaryň şatlanyp bilmeýändiklerini, ýekelikde bolmany kem görmeýändiklerini, hiç zada gyzyklanmaýan, geljege umytsyz, alasarmyk ýagdaýdadyklaryny, adaty işleriniň hem juda agyr düşýändigini duýmak bolýar. Şu alamatlar daň atandan soňky irki sagatlarda beterleşýär. Somatik «stigmler» (iňňe, çüý sokulan ýaly agyrylar) peýda bolýar, agzyň kepäp durmagy, göreçleriň giňelmegi bilen alamatlanýar. Ýaşyryn depressiýanyň möhüm alamaty agyr duýgularyň köplügi bilen obýektiw maglumatlaryň azlygynyň çapraz gelip, arabaglanyşygynyň ýoklugydyr. Çagalaryň patologik gorky alamatlar toplumy döreýiş ýagdaýyna we dörän wagtyna baglylykda psihologik hem hal-ýagdaýa esaslandyrylmazdan bolýar. Ol şony döreden sebäbe bap gelmeýän uçursyz güýçli okgunlykda geçýän gorky aýratynlyklary bi-

len häsiýetlenýär. Çagalaryň patologik gorkusynyň alamatlar toplumy ontogenetik psihopatologik ýagdaý bilen baglanyşyklylaryna degişlidir. Olar çaga ýaşka dürli psihiki kesellerden döräp bilýärler, ýöne aýdyňlaşyp psihopatologik gyraňlanylyşy, adatça, mekdep ýaşyna ýetensoňlar – 6-7 ýaşlarynda döreýär. Ol bolsa çaganyň özüni bilip, aga-gara düşünmegi, özüniň şahsy başdan geçirmelerini bahalandyryp bilmegi hem-de belli-belli ukyplarynyň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Gorkynyň bäş görnüşi, ýagny ýüregedüşgünç, ýokary ähmiýetli, paranoidli, gijelerine bolýanlary we anyklanylmadyklary bölünip görkezilýär. Ýüregedüşgünç gorkular näsagyň erkine bagly bolman, islegi boýunça döremän, onuň erk-ygtyýarynyň garşysyna döräp aýrylmazak, ýüregedüşgünç häsiýetli bolýar, ýöne ilkinji dörän gorky bilen baglanyşykly bolup, çaganyň şoňa tankydy garaýyşly çemeleşýänligi bilen tapawutlanýar. Keselden, ýiti zatlardan, beýiklikden, ýapyk jaylardan (klaustrofobiýa), keseliň ýokuşmagyndan (nozofobiýa), hapalanmadan (mizofobiýa), utanjaňlyk (ereýtofobiýa) we ş.m. gorkmalaryň ýüze çykmagy bilen häsiýetlenýär. Ol newrozlarda, beýniniň organiki kesellerinde, şizofreniýada duş gelýär. Ýokary ähmiýet berilýän gorkular özleriniň ygtybarly esaslandyrylandygy, hakykylygy barada näsagda güýçli ynamyň döremegi bilen näsagyň aňyny eýeleýär. Gorky affektiniň güýçli ýüze çykmasy onuň azda-kände ýok edilmegine synanyşylmandygy bilen hem häsiýetlenýär. Mekdep ýaşyna ýetmedik çagalarda haýwanlardan (meselem, itlerden), filmlerdäki, ertekilerdäki personažlardan (albassy, jyn-arwah) ýa-da ulularyň «terbiýelemek maksady» bilen çagany gorkuzmak üçin oýlap tapýan elhenç zatlaryndan gorkmaklyk köp duş gelýän ýagdaýdyr. Kiçi mekdep ýaşly çagalara garaňkylykdan, ýeke galmakdan, hossarlaryndan aýra düşmekden, şolaryň janyna, saglygyna şikes ýetirilmekden, mekdepden gorkmak ýaly ýagdaýlar häsiýetlidir. Olar newrotik bozulmalaryň çäklerinde, seýregräk ýagdaýda şizofreniýada duş gelýär.

Paranoidli gorkular, adatça, psihotrawmany salýan ýagdaýa garaşly bolman (autohtonno) döreýärler. Paranoidli gorkular janly we jansyz zatlar tarapyndan gizlinlikde howp salynýan ýaly gorkular bolup, howsala, seresaply hüşgärlik, töwerekdäki adamlara müňkürlik, ynamsyzlyk, özüne hem ýakyn adamlaryna «duşmanlar» tarapyndan salynýan howpy duýmaklyk bilen geçýär we düzedişe tabyn bolmaýar. Psihotik derejäniň beýleki alamatlary (gallýusinasiýalar) bilen utgaşyp, psihomotor ynjalyksyzlanma epizodlary, somatowegetatiw bozulmalary bilen bilelikde geçip bilýär. Seýrek hem bolsa şizofreniýada beýniniň ekzogen-organiki kesselleriniň epizody (parçasy) hökmünde psihogen bozulmalarda duş gelýär. Gijeki gorkular uklanyp ýatyrka oýanylaýan pursatlarda, oýaly-ukuly, alasarmyk haldaky aňyň daralan ýagdaýynda döreýär. Şonda çagalar gorkudan ýaňa sandyrap gygyrýarlar, ellerini galgadyşyp özlerinden nämedir bir zatlary kowmaga çalyşýarlar. Ýüzlerinde güýçli gorky alamaty döräp, elhenç bir zatdan gorkan ýaly ýagdaýa düşýärler. Adatça, irden amneziýa ýüze çykýar – çagalar gijeki bolup geçen el-

henç zatlary ýatlap bilmeýärler. Psihogen we garaguşagyrydan dörän bozulmalaryň başlangyjy hökmünde newroza meňzeş ýagdaýlarda duş gelýär. Anyklanylmadyk gorkularyň sebäbini tapmak çetin bolup, somatowegetatiw kemala gelşe geçýär. Iş ýüzünde diensefal krizlerde görkezilýär.

**Maniakal alamatlar toplumy (sindromy).** Maniakal alamatlar toplumynyň esasyny alamatlaryň üçlügi düzýär: keýpiň patologik ýokarlanmagy, pikirlenmäniň okgunlylygynyň güýçlenmegi we hereket göçgünligi. Bu ýagdaý uzaga çekip, adatça, birnäçe hepdeden ýarym ýyla çenli dowam edip biler.

Maniakal alamatlar toplumy maniakal-depressiw psihozyň maniakal tapgyrynda, şizofreniýanyň sirkulýar görnüşinde, infeksion psihozlarda (gyzzyrma, inçekesel, guragyry, örgünli garahassalygyň geçirilip gutulýan döwründe), dermanlardan zäherlenilende (fenamin, kokain, simetidin, kortikosteroidler, siklosporin, akrihin, teturam, melipramin, gallýusinagenler we başg.) ýüze çykýar.

Maniakal näsaglaryň keýpi hemişe kök, göwünleri hoş, özlerine ynamlary ýetik, durmuşdaky kynçylyklara pisint etmän, bagtly adam ýaly hemişe ýylgyryp gezýärler, hiç hili şikaýat etmeýärler, asla özlerini näsag hem hasaplamaýarlar. Pikirleniş depgininiň tizleşenligini sözleýşiniň howlukmaçlygyndan, aýtmak isleýän zatlarynyň biri-birinden öňe geçmekliginden, üns sowulmalarynyň ýokarlanmagyndan, assosiasiýalarynyň (pikirleriniň birleşdirilip jemleşdirilmegi) ýüzleýliginden görmek bolýar.

Maniakal ýagdaýyň alamatlarynyň ösüşi ýuwaş-ýuwaşdan pessaýlyk bilen geçýär. Ilkibaşda gipomaniakal alamatlar toplumy diýlip atlandyrylýan kardinal (esasy) alamatlarynyň doly bolmadyk ýüze çykyşy bilen häsiýetlenýän ýagdaý döreýär. Näsaglaryň göçgünli hereketlenmeleri artdyrylýar, keýpleri çaglanyp, belli bir sebäpsiz şatlanýarlar. Şolaryň özlerini alyp baryşlary hereketleriniň alňasaňlyrak başagaý, bitertipdigine garamazdan, esasan, durmuş kada-ýörelgeleriniň çäklerinde galýar. Näsaglar derkar bolmadyk gereksiz alada-hysyrdylara meşgul bolýarlar. Meselem, içerini syryp-süpürmäge ýa-da kir ýuwmaga başlan zenan, şol işlerini gutarman taşlaýar-da, çykyp bir zatlar satyn almaga dükana gidýär. Şeýdip, olaryň her gezek täze-täze işe ünsüni sowup, beýleki işler bilen meşgullanyp, uzyn günläp öýüne dolanyp gelmeýän wagtlary hem bolýar. Gipomaniakal ýagdaýdaky näsagyň oýlanyşynyň önjeýliligi ýokarlanyp hem biler. Meselem, döwlet synaglarynyň gidip duran günleri näsaglan talyp ýeňillik bilen synaglary emgenmän tabşyryp bilýär, emma adaty ýagdaýynda welin, ol şony başaryp bilmezdi. Maniýanyň çuňlaşmagy bilen ünsüň sowulmagy ýokarlanýar, ünsüň okgunlylygy bozulýar we ol öz ýerini şonuň aşaky pes görnüşlisine – passiw ünse berýär. Instinktiw hereketlenmeleriň ählisi güýçlenýär: näsaglar hemişe bir hili aç bolup, iýip-içýän naharlarynyň göwrümini adatdakysyndan iki-üç esse artdyrýarlar, ýöne şoňa garamazdan olar tiz horlanýarlar. Jynsy gatnaşyk işine bolan höwesi artýar. Şol hem är-aýal gatnaşygy babatda oýlanyşylmadyk,

garaşylmadyk duşuşyklara, howply aragatnaşyklara, jyns işine bolan islegiň artyp, biliniň güýjüniň ýokarlanmagyna, meýli içgilere ýüz urulmagyna getirýär. Näsaglar dürli nyşanjyklardyr medallar dakynyp bezenýärler, zenanlar adaty bolmadyk reňkdar kosmetikadan, üýtgeşik geýim-gejimlerden peýdalanyp, özleriniň beýlekilerden üýtgeşikdigini görkezmäge, töwerekdäkileriň ünsüni özlerine çekmäge çalyşýarlar. Daşardan ýetirilýän her bir islendik täsir olaryň ünsüni sowýar. Olar töwerekde bolup geçýän islendik waka goşulman durup bilmeýärler. Olaryň ugurtapyjylyk refleksleri-de uçursyz güýçlenýär. Näsaglar dynman ýaňrap, söhbetdeşlige biçak döwtalap, ýüregedüşgünç hem biçak galjaň bolýarlar. Olaryň mehaniki ýatkeşligi görnetin ýokarlanýar. Näsaglar aňsatlyk bilen emgenmän aýdymlarda getirilýän sözleri, telefon belgilerini, birçak edilen gürrüňleriň mazmunyny ýatlap bilýärler. Sözleýişde dörän göçgünlikden uzaga çekýän ýaňrama olaryň sesini gyryp, kähalatlarda afoniýa-da getirýär. Haýsydyr bir ýakymsyz habary eşiden näsag bozulyp, ýarym-ýaş bolup aglap başlaýar, ýöne edil yz ýanyndan hem hiç zat bolmadyk ýaly, ýene-de ýylgyryp, öňki keýpli ýagdaýyna gelýär. Hut şunuň bilen hem olar «öz bela-beterini ýuwmaga gözýaşy bolmadyk» depressiw näsaglardan görnetin tapawutlanýar.

Assosiatiw prosesiniň tizleşendigini olaryň emgenmän, aňsatlyk bilen goşgulary düzüp bilmeklerinden-de görmek bolýar. Kähalatlarda näsagyň sözleýşi kapyýalaşdyrmalar bilen doldurylýar-da, şonuň her bir sözi köpsanly mehaniki häsiýetli assosiasiýalary döredip, şol hem pikirlenmäniň yzygiderliligi bilen maksadalaýyk ugrukdyrylmasyny bozýar. Ýagdaýyň agyrlaşan halatlarynda «ideýalaryň biri-birinden öňürtilemesi» (fuga idearum) ýüze çykýar. Hatda pikirleriň bulaşmasy döräp, amentiw alamatlar toplumyna ýakyn bolan ugurtapyjylygyň bölekleýin bozulmagyna getirýär. Uzak wagt dowam edýän göçgünlilik, hatda onuň aýlap dowam etmegi hem näsaglary gaty bir ýadatmaýar. Olaryň ukulary gysga möhletleýin bolup, 4-5 sagatdan aňry geçmeýär, olar giç ýatyp, ir turýarlar. Maniakal näsaglaryň esasy alyş-çalyş prosesi güýçlenip, ganyň düzüminde saklanýan glýukozanyň, noradrenaliniň, adrenaliniň mukdarlary ýokary galýar, şol sebäpli hem olar hortaň bolup, ýaralary-da tiz bitýär.

*«Gün maniýasynda»* şatlyk affekti agdyklyk edip, töwerekdäkilere mähir-muhabbetli, hoşniýetli hem gadyrly garaýar.

*«Gyjyndyrylyşly maniýada»* näsaglar nägileliklerini birsyhly gaýtalap igenýärler, «Gaharjaňlykly maniýada» bolsa, näsaglar belli bir sebäpsiz göçgünlenip, gaharly affekt ýagdaýyna düşup, dawa-jenjel turuzmagy, töweregindäkilere sebäpsiz bir ýerden topulybermegi ýygjamladýarlar. «Gaharjaňlykly maniýanyň» peýda bolmagy näsagyň süňňünde haýsydyr bir somatiki näsazlygyň barlygyndan habar berýän alamatdyr. Somatiki ýagdaý düzelenden soň «Gaharjaňlykly maniýa» aýrylyp gidýär.

Maniakal ýagdaýyň ekzogen (daşarky) tebigy ýagdaýynyň akrihin psihozlarynda bolşy ýaly asteniki alamatlaryň goşulmasy arkaly öz üstüni açýandygy hem köp duş gelýän ýagdaýdyr.

***Maniakal substuporda*** – eýforiýa we pikirlenmäniň tizleşip geçmegi, hereketleriň haýallamasy, myşsalaryň işjeňliginiň ýokarlanmasy bilen utgaşýar. Näsag doňan ýaly bolup hereketsiz halda mylaýym ýylgyryp oturýar, berilýän soraglara jogap gaýtarmaýar, diňe şeýle ýagdaýyndan çykandan soň ol: «kellämde pikirleriň tüweleýi turdy», «Tansa pyrlanyp, aýdyma zowladyberesim geldi, ýöne etlerimiň doňan ýaly bolup gatap durmasy şoňa ýol bermedi» diýýär.

Emosiýalaryň bozulmalarynda, adatça, şeýle soraglar berilýär:

• Sizde gorky duýgusy barmy?
• Gorkmaga sebäp barmy?
• Siziň keýpiňiz niçik?
• Siziň keýpiňiz hemişe oňatmy?
• Siz keýpiňizi aňsat üýtgedip bilýärsiňizmi? (depressiýa düşýärsiňizmi?)
• Keýpiňiziň ýaramazlaşmagy ýygy-ýygydan bolýarmy?
• Siz keýpiňiziň gaçanlygy barada aýdýarsyňyz. Eýsem, siz nämedir bir zady nädogry edendirin öýdýärsiňizmi?
• Siz şony nähiliräk duýýarsyňyz? Güýçlümi, gowşakmy?
• Siz ýygy-ýygydan aglaýarsyňyzmy? (gahar-gazaba münýärsiňizmi?)
• Siz ýygy-ýygydan tolgunýarsyňyzmy? Näme sebäpden?

## 13-nji bap. Erkiň we meýil – küýsegleriň bozulmalary

**Erk** – aňly-düşünjeli maksadalaýyk ugrukdyrylyp matlaplaşdyrylan we delillendirilen okgunly psihiki hereket bolup, daşarky we içki bökdençlikleriň hötdesinden gelinmegi bilen baglanyşykly bolan we adamyň talaplarynyň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen psihiki prosesdir. Adam erkiniň kemala gelmeginde delillendiriş sferasynyň ähmiýeti möhümdir. Ol isleglerdir meýilleriň utgaşmasy bolup, hereketleriň, edim-gylymlaryň we hereketlenmäniň delillendiriş häsiýetini alýar. Şu sferanyň esasy aýratynlygy her bir şahsyň özboluşly ugrukdyrylmasy, hereketleri bilen şertlenýänliginden ybaratdyr. Hut şunda hem şahs özüniň düýp esasyny açyp görkezýär. Mazmunyna hem ugrukdyrylmasyna baglylykda şahsyň hereketleriniň delillendirilişi ýokarkylara we aşakylara bölünýär. Aşakylara, esasan, instinktiw-fiziologik talaplaryň kanagatlandyrylyp, lezzet almaga gönükdirilen infantil-gedonik, şeýle-de töwerekdäkileriň bähbitleri ret edilip, diňe peýda görmeklige çapylýan, şahsy bähbidini aramaklyk bilen baglanyşykly bolan egoistik nepkeslik ýaly häsiýet-

ler girýär. Ýokarkylara adamyň özüni alyp barşyndaky hakyky, arassa altruistik delillendirmeler girýär. Şahs öz hususy bähbitleri barada alada etmän, mümkin boldugyndan jemgyýete köp peýda getirmäge çalyşýar. Edim-gylymlaryň, özüňi alyp barşyň hakyky, arassa altruistik delillendirmesinden psewdoaltruistik ýalan janköýerlik etmek delillendirilmesini tapawutlandyrmak zerurdyr. Psewdoaltruistik delillendirilmede töwerekdäkilere bähbitli bolan bir işi etmeklik hemişe özüne-de bähbit arap, peýda görmek niýeti bilen baglanyşykly bolýar /«Sen maňa-menem saňa» diýen düşünjä eýermek.

**Öz erksiz täsirler (hereketler)** düşünilmeýän ýa-da takyk hem aýdyň bolmadyk derejede düşünilýän meýilleriň esasynda amala aşyrylýar. Bularyň takyk meýilnamasy bolman, köplenç halatda olar affekt ýagdaýynda, aljyraňňylykda, adamyň kalbyny gorky gaplanda, bir zada geň galynanda amala aşyrylýar.

**Ynanjaňlyk** erk-ygtyýar sferasynyň häsiýeti bolup, şonda adam kesekiniň täsirine aňsatlyk bilen tabyn bolýar we onuň hereketleriniň delillendirilişi täsir edýän adam tarapyndan kesgitlenilýär.

**Ýaýdanjaňlyk** – delillendirilmeleriň göreşe girizilen tapgyrynda ýa-da gelnen karar işe girizilende erk-ygtyýar aktynyň togtadylmagydyr.

**Kejirlik** – ýeterlik derejede pikirlenilmän gelnen ozalky karardan we işe girizilen meýilnamadan onuň peýdasyzdygy, hatda zyýanlydygy baradaky düýpli sebäpleriň bardygyna garamazdan, ýüz öwürmäge gaýratyň çatmazlygy.

**Erkiň durnuksyzlygy** – adamyň hut özüniň oňlamaýan ynjyklyk, gaharjaňlyk, gagallyk, gorky, gahar-gazaba münmek, umydyňy ýitirip, ynjalykdan gaçmak ýaly zatlardan saklanyp bilmezligidir.

**Meýil-küýseg** diýlip, instinktiw talaplaryň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen, akyla bagly bolman döreýän hereketlenmä, işewürlige bolan küýsege aýdylýar. Meýilleriň fiziologik esasyny instinktiw hereketlenişi şertlendirýän çylşyrymly dogabitdi reflektor instinktler düzýärler. Köplenç halatda meýletin hereketlenmeler instinktiwe degişlilikde ters proporsional garaşlylykda bolýar: erkiň gowşamagy meýilleriň gowşamagyna getirip bilýär ýa-da tersine, güýçlendirip bilýär. Çagalaryň psihopatologiýasynda meýilleriň bozulmasynyň tutýan orny ulularyňka garanda has ýokarydyr. Meýilleriň dürli görnüşli bozulmalarynyň utgaşykly geçmegi hem köp duşýan ýagdaýdyr.

**Erk sferasynyň patologiýasy.** Erk aktynyň islendik tapgyrynda erk sferasynyň bozulmasy döräp biler.

**Erkiň we meýil – küýsegleriň peselmegi. Anoreksiýa (işdäniň kesilmegi)** – iýmite bolan islegiň ýatyrylmagy. Anoreksiýany buýrujy gallýusinasiýalardaky, paranoiddäki zäherlenen ýaly duýmak, katatonik alamatlar toplumyndaky iýmitden ýüz öwrülýän ýagdaýdan tapawutlandyrmak hökmandyr. Anoreksiýa nerw anoreksiýa alamatlar toplumynda, newrozlarda, depressiw alamatlar toplumynda, dement hem abstinent alamatlar toplumynda we dipsomanik ýagdaýlarda duş gelýär.

**Libidonyň peselmegi** – jynsy gatnaşyga bolan küýsegiň peselmesi. Şeýle peselme newrotik ýagdaýlarda, depressiw alamatlar toplumlarynda, şeýle-de käbir ekzogen täsirlerden /arakhorluk, narkomaniýa, beýniniň käbir organiki zeperlenmeleri/ döräp biler.

**Goranyş reaksiýalarynyň togtadylmasy** – özüni goraýyş instinktiniň peselmesi daşardan salynýan howplara jogap hökmünde goranyş hereketleriniň edilmezligi bilen häsiýetlenýär. Bu depressiw stuporyň käbir görnüşlerinde, katatonik stuporda duş gelýär.

**Gipobuliýa** – işjeňligiň peselmesi bilen hereketlenmä bolan meýliň peselmegi, hereketlenmäge sebäp bolýan zatlaryň alga alynmazlygy. Şu ýagdaýyň aňrybaş derejesine abuliýa diýilýär. Newrotik, newroza meňzeş alamatlar toplumlarynda we depressiw ýagdaýlarda, dürli görnüşli stuporlarda, has durnukly görnüşdäki bozulma hökmünde şahsyň kemislikli we kemakyllyk ýagdaýlarynyň dürli alamatlar toplumlarynda duş gelýär.

**Erkiň we meýil – küýsegleriň güýçlenmegi. Bulimiýa** – iýmit instinktiniň biçak ýokarlanmagy, hajymelikligiň döremegi, köplenç halatda iýmitiň aýyl-saýyl edilip seljerilmezligi bilen utgaşýar /doýmaz-dolmazlyk/.

Gipotalamusyň käbir patologiýasynda, marazmda, idiotiýada, orta haldaky kemakyllykda (imbesillik), beň serhoşlygynda duş gelýär.

**Giperseksuallyk (aýgyrlyk)** – jynsy gatnaşyga bolan meýliň uçursyz ýokarlanyp, agdyklyk edýän delillendirilme häsiýetini alyp, şol islegdir pikir aň-düşünjäni durşy bilen gaplap alýar. Erkekleriň giperseksuallygyna satiriazis, aýallaryňka – nimfomaniýa diýilýär. Käbir maniakal psihotik, psihopat görnüşli, gebefrenik, katatonik alamatlar toplumlarynda, kemakyllykda, idiotiýada duş gelýär.

**Giperbuliýa** – hereketlenmä bolan höwesiň we onuň delillendirilmesiniň patologik artmagy. Aýratyn-da delillendirmäge ýykgyn edilmegiň kesel ýagdaýdaky ýokarlanmagy. Giperbuliýanyň 4 hili görnüşi bolýar:

**Eýforik giperbuliýa** – eýforiýaly ýagdaýdaky /keýpi göçgünlikli/ näsagda maksat we belli bir karara gelme islegi döreýär. Ýöne, ünsüň sowulmaklygynyň ýokarlanmagynyň esasynda erke agdyk sarp edilýän güýç adamy kuwwatdan gaçyryp, edilýän hereketler soňuna çenli ýetirilmän galdyrylýar-da, amala aşyrylýan işler ýarym delillendirişli hem önjeýsiz bolýar. Adatça, ol maniakal alamatlar toplumyna häsiýetli bolýar.

**Psihopatik giperbuliýa** emosional ýagdaýda tiz döreýän meýilleriň ýarym delillendirişliligi bilen tapawutlanýar. Şeýle hereketler affektiw yzygiderli bolman, öňünden çuňňur oýlanylman, ölçerilip-dökülmän, getirjek netijeleri göz öňünde tutulman geçirilýär we tizden unudylýar. Bu gipertimik ýa-da isterik çäkdäkileriň psihopatik we psihopat görnüşli alamatlar toplumlaryna häsiýetli bolýar.

**Dementik-egosentrik giperbuliýa**, hereketlenmäniň delillendirilişi edimgylymlaryň egosentrik ugrukdyrylyşy bilen geçýän utilitar-egoistik we gedonik

derejesine geçen halatynda döreýän şahsyň ösmeginiň tesip, yza gaýdyşynda ýüze çykýar. Şahsyň garaguşagyry görnüşli özgeriş alamatlar toplumynda, psihoorganik alamatlar toplumynyň käbir görnüşlerinde duş gelýär.

**Dement-asemik giperbuliýa** hereketlenmäniň meýilleriniň we delillendirilişiniň logiki düşünilmesine bolan ukyp ýitirilende, ýalan işewürlikli alňasamadyr hysyrdy bilen ýüze çykyp, apraksiýa we beýniniň daşky gatlagynyň ýokary funksiýalarynyň ýatyrylmasy bilen utgaşýar. Presenil we senil ýaşdakylaryň kemakyllygynda döreýär.

**Meýil-küýsegleriň ýoýulmalary. Dromomaniýa** – ykmandalyga bolan patologik ýykgynlyk, bolýan ýeriňi birsyhly çalşyryp, üýtgedip durmaga bolan birden ýüze çykýan, öňünde durup bolmaýan keselbentlikli küýseg. Bu küýseg ýatandan soň, näsag ýene öňki ýerine dolanyp gelýär. Emma bu küýseg wagtal-wagtal döräp durýar.

**Piromaniýa** – nämedir bir zatlary otlamaga bolan patologik küýseg, kähalatlarda bolsa, diňe şol ýanýan oduň ýalnyny synlamaga bolan ýiti küýseg. Ol birden başlap, birden hem aýrylyp gidýär. Ol ýene gaýtalanyp bilýär.

**Kleptomaniýa** – ogurlyk etmäge bolan patologik küýseg. Şol zadyň gerekdigine ýa gerek däldigine garamazdan, özi-de maddy taýdan baýamak niýeti bilen däl-de «ogurlyk etmekligiň hatyrasyna» esassyz edilýär, çünki ogurlanýan şol zatlaryň üýtgeşik bir bahasy-da bolmaýar. Soňundan şol ogurlanylan zatlar ýa eýesine gaýtarylyp berilýär ýa-da zyňlyp goýberilýär.

**Gomisidomaniýa** – hiç bir sebäpsiz, gödek hem düşnüksiz samsyklaçlyk bilen adam öldürmeklige ýykgyn etmek.

**Suisidomaniýa** – öz janyňa kast etmäge bolan patologik küýseg.

**Synaňa şikes ýetirmeklik** – öz-özüňe ýaralar salmaklyga, synaňa şikes ýetirmeklige bolan patologik küýseg.

**Oniomaniýa** – gerekmejek zatlary, köplenç halatda düýbünden derkar bolmadyk zatlary satyn almaklyga bolan patologiki küýseg.

**Dipsomaniýa** – aram-aram spirtli içgileri içmäge, şolardan gerk-gäbe doýmaga, käýarym disforiki-tukatlykly ýagdaýda bolanyňda meýli içgileri dowamly içmäge bolan patologiki küýseg.

**Koprofagiýa** – iýilmeýän zatlary, hatda nejasatlary-da iýmäge bolan patologiki küýseg.

**Parafiliýalar (perwerziýalar).** Seksual bozulma bolup, jynsy gatnaşyklaryň däp-dessura gabat gelmeýän görnüşde ýüze çykmasydyr.

**Obsessiw (irizegen) meýil-küýsegler** – hereketlenmä bolan meýiller näsagyň erkiniň garşysyna gönügip, şonuň esasynda delillendiriliş bilen dörän ýagdaýy şöhlelendirmän, delillendirmeleriň bäsleşmesi bilen geçip, şolara bolan tankydy garaýyş saklanyp galýar. Adatça, olar amala aşyrylmaýar, çünki edilýän hereketlerdir işler erk-ygtyýaryň gözegçiliginiň astyna alynýar. Newrotik, psihopatik ala-

matlar toplumlarynda, şeýle-de arakhorlarda hem neşekeşlerde azarlama alamaty dörände duş gelýär.

**Kompulsiw meýil-küýsegler** – hereketlenmä bolan küýseg (wital-ýaşaýşa bolan küýseg), ýagny açlyk, suwsuzly döreýän küýsegler ýaly bolýar. Şolar psihofizik oňaýsyzlygy duýmagyň esasynda döräp, tizlikde hereketlenmäniň delillendirmä agdyklyk edýän häsiýetine eýe bolýar. Şu meýle bolan tankydy garaýyş şonuň bilen göreşmäge mümkinçiligiň ýoklugy bilen utgaşýar. Ähli edim-gylymlar onuň amala aşyrylmagyna ugrukdyrylýar. Käbir psihopatik alamatlar toplumlaryna we garaşlylyk alamatlar toplumyna häsiýetli bolýar.

**Impulsiw meýil-küýsegler** – paroksizmal hereketleri ýatladýan ýiti görnüşli, delillendirilmedik keselbentlikli hereketlere geçmek. Aň-düşünjäniň oňa doly tabyn edilmeginde dörän libidony tutanýerlilik bilen kanagatlandyrmaga ýykgyn etmeklik. Patologik ýagdaý ýokary derejä ýetende soňy ýatlamalaryň yzygiderlikli fragmentleşmesi (böleklenmesi) bilen tamamlanýan aňyň affektiw daraldylmasy köp duş gelýän ýagdaýdyr. Libido kanagatlandyrylandan soň psihiki mejalsyzlyk, umumy gowşama döräp, köşeşme we kanagatlanma bilen utgaşýar. Şeýle ýagdaýlar katatonik alamatlar toplumlarynda, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmalarynda duş gelýär.

**Beýleki hereket – erk bozulmalary. Ambitendentlilik** – şol bir wagtyň özünde iki sany biri-birine gapma-garşy bolan delilleriň we hereketlenme maksatlarynyň bilelikde bolmagy. Ol katatonik alamatlar toplumlarynyň çäklerinde duş gelýär.

**Ýüregedüşgünç hereketler** – bu amala aşyrylan ýüregedüşgünç küýsegler bolup, köplenç halatda yrym edilme häsiýetine eýe bolýar. Olar dürli newrotik we newroz görnüşli bozulmalara degişlidir.

**Kompulsiw hereketler** – bu amala aşyrylan kompulsiw öňünde durup bolmaýan küýsegler bolup, uly narkomanik, uly alkogol narkomanik alamatlar toplumlarynyň düzümine girýär hem-de dürli psihopatik ýagdaýlarda duş gelýär.

**Zorluk bilen döreýän hereketler** akyl-huşuň durulygynda delillendirilmän, öz islegiň garşysyna döreýän hereketlerdir. Olaryň ýüze çykmasynyň öňüni almak başartmaýar. Olar adam ukuda wagty ýok bolup gidýär, tolgunanda bolsa güýçlenýärler (giperkinezler, zorluk bilen döredilýän gülki, agy, gykylyk we başg.). Ol newrotik alamatlar toplumy bolup, beýniniň käbir organiki kesellerinde duş gelýär.

**Impulsiw hereketler** – çylşyrymly affektiw-indifferent hereketlenme akty bolup, delillendirmeleriň bäsleşigi bolmazdan birden döräp, köplenç halatda ýagdaýdyr psihologik sebäplere esaslandyrylman, urşaganlyga ýa-da ýykan-ýumrançylyk etmäge ýykgyn etmeklik bilen häsiyetlenyär. Impulsiw hereketler katatonik alamatlar toplumlarynda duş gelýär.

## 14-nji bap. Hereket bozulmalary

Aýry-aýry psihiki kesellerde hereketleniş sferasynyň belli bir derejede awtonom ýagdaýyny alýan, çürt-kesik motor aktlarynyň içki psihiki prosesler bilen arabaglanyşygyny ýitirýän, erkiň gözegçiliginiň bes edilýän ýagdaýlary duş gelýär. Giperkinezlerden, parezlerden, newrologik kesellerdäki hereketlenmäniň tertipli ugrukdyrylyşynyň bozulmalaryndan tapawutlylykda psihiatriýada hereketlenmäniň bozulmalary organiki esassyz, funksional we düzedilip bolunýan häsiýetlidir. Newrologik keselliler hut özlerindäki giperkinezleriň we tikleriň keseliň alamaty hökmünde ýüze çykýanlygyny tankydy garaýyş bilen bahalandyryp bilýärler. Katatonik ýüze çykyş alamatlary bolan näsaglar özlerinde döreýän şeýle hereketleri logiki çemeleşme arkaly düşündirip bilmeýär. Şolaryň keselbentlikli häsiýetlidigine tä şol psihozdan çykýançalar düşünilmeýär.

**Hereketleniş sferasynyň bozulmalary – giperkineziýalar, gipokineziýalar we parakineziýalar. Giperkineziýalar. Maniakal göçgünlilik** katatonikden edim-gylymlaryň maksadalaýyk ugrukdyrylyşy bilen tapawutlanýar. Ýüz-gözleri şatlygy aňladýar. Näsaglar habar gatyşyp gürleşmäge höwesjeň bolup, janygyp köp gürlegen bolýarlar. Göçgünlilik has aýdyň ýüze çykanda pikirlenmäniň tizleşmegi sebäpli näsagyň aýdýan zatlarynyň ählisine doly düşünip bolmaýar, ýöne onuň sözleýşinde şol bir aýdan zadyny gaýtalap durmak, ýagny stereotiplik bolmaýar. Ünsüniň sowlup durmasynyň ýokarylygy sebäpli, gürrüňiň mazmunyny we hereketini häli-şindi üýtgedip durýar. Köplenç halatda näsaglaryň edýän hereketleri töwerekdäkilere kömek bermek islegini şöhlelendirýär: hassahana otagynda ýatan näsag goňşy krowatda ýatan näsag ukudan oýananda, ony galdyrmak, elini bermek üçin oňa tarap ylgaýar; kiçi şepagat uýasynyň guralyny elinden alyp, şonuň işini özi etmekçi bolýar; penjiräni açýar. Olaryň öz ukyplaryny arzylap öwünýän, ýagny aýdym aýtmak üçin oturgyja münýän, pyrlanyp tans edýän, karateniň maşklaryny suratlandyryp görkezýän ýerleri köp duşýar. Olar galjaň we köp iýseler-de, hortap bolýarlar.

**Gebefrenik göçgünlilik** näsagyň özüni alyp barşy samsyklaç bolup, diriň-diriň bökmegi, eginlerini gysyp göwresini towlamagy, boýnuny aýlap gyşartmagy, gözüni gypmagy, gaşyny kakmagy we şuňa meňzeş hereketleriň köp edilmegi bilen häsiýetlenýär. Emma näsaglaryň özlerini alyp baryşlary döräň daşarky ýagdaýa, şonuň hadysalaryna maniakal göçgünlikdäki ýaly gabat getirilmeýär; bular manysyzdan samsyklaç görnüşde bolýar. Maniakal göçgünlikde näsaglar ünsüniň çalt sowulaganlygy bilen tapawutlanýan alňasak adamyny ýatladýan bolsalar, gebefreniýada manysyz hereket edýän masgarabazy, kelesaňlyk görkezýän bälçik samsygy ýatladýarlar.

**Katatonik göçgünlilik** – birsyhly, birmeňzeş horeiki we atetoz tutgaýlary ýatladýan giperkinezleriň ýüze çykmagy bilen häsiýetlenip, şol hereketler ýor-

gan-düşegiň çäklerinde geçirilýär. Sagatlap dynman edilýän gulaçlap ýüzmek hereketleri, öz tenine birsyhly birmeňzeş urgulary ýetirip durmak, eldir aýaklaryny giňden galgatmak bularyň barysy katatonik göçgünlikde daşarky sebäplere düýbünden bagly däl-de, manysyz, maksadalaýyk ugrukdyrylmadyk häsiýetli bolýar. Mundan-da daşary, katatonik göçgünlige geçip duran häzirki ýagdaýa özüňi alyp barşyň bap gelmezligi, negatiwizm ýagdaýy hem mahsus bolýar.

**Howsalaly (ažitirlenen) depressiýa** görnetin bildirýän tukatlyk we howsalanmanyň utgaşmasy bilen ýüze çykýar. Näsagyň ýüz keşbi agyr ejir çekýänligini görkezýär. Muňa samahyllap zeýrenmek, gözýaşsyz şumjaryp oturmaklyk häsiýetli bolýar. Näsaglar özlerine ýer tapman kakynyp, içerde urunýarlar, gorkýarlar we şol bir wagtda-da temmi berilmegini isläp, awy berilmegini haýyş edýärler. Howsalanyň ahyrzaman gopup, älem-jahanyň ýok edilmesi ýaly nigilistik pikirli megalomanik paranoid – Kotaryň alamatlar toplumy bilen geçýän wagtlary hem seýrek däl.

**Ýiti gallýusinator-paronoid ýagdaýlara** köplenç halatda psihomotor göçgünlik bilen ýüze çykmasy häsiýetlidir. Ýiti duýujylykly paranoid hemişe ynjalyksyzlanma, urunma bilen geçýär. Göçgünlilik näsagyň biçak güýçli howsalany duýýanlygyny, hetdenaşa aljyraňňylygyny şöhlelendirýär. Howsala bilen baglanyşykly bolan eşidiş gallýusinasiýalary töwerekdäki adamlaryň munuň garşysyna nähilidir bir pirim, hile gurmakçy bolýandyklaryna ygtybarly ynam döredýär. Näsaglar gaçyp halas bolmaga çalyşýarlar, özlerini aňtaýandyr diýip hasap edýän adamlaryna duýdansyz topulyp, olary heläk edýän ýagdaýlary hem bolýar. Derealizasiýa duýgusy, bir ýerlerde dörän elhenç harasadyň ýetip gelýänligine ynam döredýär. Olar aljyrap, näme etjeklerini bilmän, ýakyn hossarlaryna ýüzlenip, bolýan zatlary düşündirmeklerini talap edýärler. Ýöne olaryň berýän jogaplary olary köşeşdirmän, tersine, olaryň barysy «munuň garşysyna dildüwşen», «hemme zat ýörite gurnalan» ýaly müňkürlik döremegine itergileýär we ş.m. Şeýle ýagdaýlarda olar öýden gaçyp gidýärler we öz ýanlaryndan güman edýän aňtawçylaryndan arany açyp gizlenýärler.

**Ýiti gallýusinoz** hem psihomotor göçgünlik bilen geçýär. Hakyky eşidiş gallýusinasiýaly näsaglar, meselem, alkogol gallýusinozlylar özlerini goňşularynyň öldürmekçi bolýandyklaryna çyny bilen ynanyp, arkaýyn ýatyp rahat uklap bilmeýärler, özlerine ýer tapman urunýarlar. Penjiredir gapylaryň ýapyklygyny hälişindi barlap durýarlar.

Psihomotor göçgünligi aň bulaşmalarynda, deliriýlerde, amensiýalarda, aňdüşünjäniň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmalarynda, şeýle-de disforiýada duş gelýär.

**Kakynly göçgünlilik,** adatça, psihotrawma gaýtargy jogap hökmünde başlanýar. Näsaglar diň arkan gaýdyp, pola ýykylýarlar, tutgaýlaryň bürmesinden towlanýarlar, ellerini gaňryp, zarynlap sesli aglaýarlar, düňküldedip ýumruklaryny

bir zatlara urýarlar, ellerini başlaryna tutup, geýim-gejimlerini bölek-bölek edip ýyrtýarlar, ile göz edip öz janlaryna kast etmäge synanyşýarlar.

Psihotrawmany döredýän zat aýrylansoň, göçgünliligem geçip gidýär. Ynanjaň näsaglara atly-abraýly adamyň gelip buýruk beriji äheňde bir agyz söz diýmegi ýeterlik bolup, olar däli-porhan bolup oturmasyny bes edýärler.

Iş ýüzünde psihomotor göçgünliligiň islendik görnüşi howatyrlandyryjy alamat bolup, köplenç halatda näsagyň hassahana ýerleşdirilip degişli çäreleriň görülmegini, ýagny neýroleptikleriň, käbir halatlarda bolsa trankwilizatorlaryň ulanylmagyny talap edýär.

**Gipokineziyalar. Depressiw** stupor tukatlyk affekti bilen baglanyşykly bolýar. Näsaglaryň ýüz keşbi agyr ejir çekip horlanýanlygyndan habar berýär. Adatça, olar ýatýarlar, dik oturanlarynda bolsa ýüzlerini aşak salyp, bükülip oturýarlar, ýöränlerinde bükülip, dähedem-dessem edip, ýüzüni salyp ýöreýärler. Bu bolsa olaryň keýpiniň çökgünligini, tukatlygyny görkezýär. Näsaglaryň soraglara berýän jogaplary ýöntem, az sözli bolup, gijikdirilip berilýär. Olaryň işdäsi kesilip, iýip-içmeden ýüz öwürýärler, ýalbar-ýakar edilende az-owlak iýýärler. Adatça, şeýle ýagdaýdaky näsaglar öz janlaryna kast etmeýär, ýöne gysga möhletli göçgünlilik peýda bolanda olar şeýle howply niýetini amala aşyryp bilýär.

**Katatonik stupor** hereketleriň we sözleýşiň has aýdyň ýüze çykýan haýallamasy, hatda lallyga ýetilmesi (mutizm), negatiwizm we passiw boýun bolma alamatlary bilen häsiýetlenýär. Näsaglaryň käbirleri tabşyryklary düýbünden ýerine ýetirmeýän bolsalar, beýlekileri şolary tersine edýärler. Olarda katalepsiýa ýüze çykýar – näsag göwresini saklamanyň bir bolşuny alsa, ol şony uzak wagtlap üýtgetmän saklaýar. Olar kellesini göýä ýassykda ýaly edip, howada saklaýarlar.

**Apatik stupor** – erkiň gowşamasynyň uçursyz güýçli görnüşi ýüze çykanda döreýär. Beýniniň gödek organiki bozulmalarynda, aýratyn-da ol maňlaý bölüminde dörände has köp duşýar. Apatik stupor şizofreniýada hem duş gelýär. Töwerekde bolup geçýän zatlar olary düýbünden gyzyklandyrmaýar, hiç hili duýgudyr aladada döretmeýär. Hatda janlaryna howp abanýan ýagdaýlar hem olary çuňňur biparhlykdan çykarmaýar.

**Psihogen ýa-da kakyn stupory** psihiki trawmadan soň: güýçli gorkulanda, üstüne duýdansyz betbagtçylyk inende, tebigy harasatlar gopanda döreýär. Şonuň daşyndan bildirişi hereketleriň umumy togtadylmagy, doly hereketsizlige gelnip doňan ýaly bolup oturmagyna çenli baryp ýetýär. Kähalatlarda güýçli gorkynyň täsir etmeginde näsag wagtlaýyn dilden hem galýar. Muňa *isterik mutizm* diýip at berilýär. El-aýaklaryň durnuksyz funksional paraliçi hem bolup biler, ýagny özboluşly bölekleýin stupor. Bölekleýin stupor bilen bilelikde işjeňligiň umumy gowşamasy hem bolup biler (ýalandan ölen ýaly bolmak). Şeýle ýagdaý kakynlylarda-da duşýar.

**Parakineziýalar. Ehopraksiýa** – samsyklaç, kähalatda töwerekdäkileriň ümyşaratlaryny, ýüz-gözüni oýnadyşyny, özüni alyp barşyny bolşy-bolşy ýaly edip gaýtalamak bilen ýüze çykýar.

**Eholaliýa** – näsagyň töweregindäkilerden eşidýän aýry-aýry sözleriniň, söz utgaşmalarynyň, sözlemleriň gylyny gymyldatman samsyklaç gaýtalamagy (ehofraziýa).

**Nakyslyk** – aýry-aýry hereketleriň we özüňi alyp barşyň häsiýetiniň düşnüksizligi, adaty dälligi, samsyklaçlygy, tutuşlygyna birmeňzeşlikde gaýtalanylmagy.

**Birmeňzeş hereketlenmeler** – gelşiksiz gymyldy-hereketleriň hem özüňi tutuşyň belli bir mana, maksada bap getirilmezden, birmeňzeş gaýtalanmagy.

**Negatiwizm** – näsagyň delillendirmezden otrisatel garap, ýetirilýän daşarky täsirleriň islendigine garşylyk görkezip, güýç ulanyp ýüz öwürmegi. Munuň iki görnüşi bolýar:

- *aktiw* – garşylyk görkezmek ýa-da garşysyna hereket etmek negatiwizmi;
- *passiw* – aktiw garşylyk görkezmezden tabşyryklary, görkezmeleri, haýyşlary ýerine ýetirmezlik negatiwizmi.

**Mum çeýeligi** – näsagyň göwresini tutuşyny, kähalatlarda şonuň hut özi üçin biçak oňaýsyz, köp güýjüň sarp edilip, muskul-siňirleriň dartgynlygyny talap edýän ýagdaýynda-da şol bir bolşuny üýtgetmän uzak wagtlap saklamagy.

**Passiw boýun bolmaklyk** – islendik görkezmäniň (buýrugyň), hatda onuň özi üçin ýakymsyzdygyna garamazdan, näsagyň oýlanyp pikirlenmezden ses-sedasyz ýerine ýetirmäge patologik taýyn bolmaklygy.

Parakineziýalar katatonik alamatlar toplumlarynyň düzüminde duş gelýärler.

**Katatonik alamatlar toplumy (sindromy).** Munuň klinik ýagdaýy iki sany gapma-garşy durýan hereket bozulmalaryň ýüze çykmalary bilen häsiýetlendirilýär: *göçgünlilik ýagdaýy* we stupor (hereketsizlik, doňan ýaly bolup durmak).

**Katatonik göçgünlilik** patetik we impulsiw bolup biler. Patetik göçgünlikde näsaglar joşgunly (janly) ýagdaýda köp gezýärler, olarda sözleýiş hyjuwy hem duş gelýär. Näsag joşgun bilen we ýokary stilde, aýlawly gepleýär, daş-töweregindäki adamlaryň sözlerini gaýtalaýan (eholaliýa) ýagdaýlary duşýar. Olaryň keýpi kök, ýöne gipertimiýa häsiýetde däl-de, ekzaltasiýa häsiýetinde bolýar. Käte näsagyň sebäpsiz gülýän wagtlary bolýar. Wagtal-wagtal impulsiw hereketler hem bolup bilýär. Bu ýagdaýyň güýçli bildiren halatynda näsaglar öz egin-eşiklerini ýyrtýarlar, hassahana işgäriniň elinden dermanly gutujygy kakyp alýarlar, gapa tarap okdurylýarlar, olarda gazaply meýiller ýüze çykýar. Gallýusinasiýalar we gury hyýallar hem bolup biler.

Impulsiw katatonik göçgünlik ýiti ýüze çykýar. Uzak wagtlap hereketsiz ýatan näsag krowatdan birden galýar, öz öňünden çykan zatlary agdar-düňder edip, edil şonuň ýaly-da adamlara topulyp, daş-töweregindäki zatlary ýumrup, öňe tarap okdurylýar. Munda olar aýratyn jümleleri, sözleri, paýyş sözleri gaty gygyryp

aýdýarlar. Daş-töwerekdäki adamlaryň sözlerini, hereketlerini gaýtalaýan ýagdaýlary hem duşýar – persewerasiýa (eholaliýa, ehokineziýa, ehoproksiýa) alamatlary ýüze çykýar. Has aýdyň bildirýän agyr katatonik göçgünlilik tertipsiz (haotik) häsiýete eýe bolýar, aslynda iki ýana urunma häsiýete geçip, üznüksiz bolýar. Hereketler ritmiki sazlaşykly, horeýa görnüşli; näsaglar öz-özüne zeper ýetirmäge meýilli bolýarlar, olar geplemeýärler, hiç hili sözleýiş reaksiýalaryny ýüze çykarmaýarlar (sessiz katatonik göçgünlik).

**Katatonik stupor** ýagdaýyň garşylykly «polýusy» bolup, ol hereket durgunlylygy, mutizm (geplemezlik) we muskul-siňirleriň gipertonusy bilen ýüze çykýar. Näsaglar hereket göçgünligi bilen gysga wagtlaýyn togtadylýan (kesilýän) gowuşgynsyz, durnuklylyk ýagdaýynda birnäçe hepdäniň, aýyň dowamynda galyp bilýärler. Olaryň kliniki aýratynlyklaryna baglylykda katatonik stuporyň birnäçe görnüşleri bolýar.

Mum maýyşgaklygyndaky stuporda näsaglar uzak wagtlap özleriniň kabul edýän ýa-da olar tarapyndan emeli görnüş berlen biynjalyk (görnüşi, durşy) ýagdaýda bolýarlar. Özboluşly epilen el, galdyrylan aýak, göwresi juda biynjalyk gyşyk görnüşde köp sagatlaryň dowamynda, gije-gündizläp saklanyp biler. Näsaglar kataleptik stupor ýagdaýynda gaty sesli sözleýşe we güýçli seslere baş galdyrmaýarlar, emma ýuwaş, pyşyrdap aýdylýan sözleýşe jogap berip bilýärler. Gijäniň ümsümliginde we daşky täsir edijileriň bolmadyk ýagdaýynda duýdansyz (öz-özünden) durgunlylyk ýagdaýyndan çykýarlar, şular ýaly ýagdaýlarda olar gepleşmäge ukyply bolýar (L. P. Pawlowyň alamaty).

Negatiwistik stupor hereket durgunlylygy we mutizm bilen birlikde näsaglaryň duruş ýagdaýlaryny üýtgetmäge edilen islendik synanyşyklara olaryň garşy durmagy bilen häsiýetlendirilýär. Aýaklaryny epmäge ýa-da ellerini ýazmaga edilen synanyşyklarda näsaglar ýiti myşsa dartgynlygy bilen utgaşýan güýçli garşylyk görkezýärler. Käbir beýleki ýagdaýlarda elini, aýaklaryny epmek üçin edilen synanyşyklar olary ýazmaga we tersine epmäge edilýän synanyşyklar bilen utgaşýar.

Doňup galan ýaly ýagdaýda bolmak bilen häsiýetlendirilýän stupor has aýdyň bildirýän hereket durgunlylygy we myşsa gipertonusy bilen häsiýetlendirilýär. Näsaglar şular ýaly ýagdaýda çaganyň ene göwresinde ýatyşy ýaly görnüşde uzak wagtlap ýatyp bilerler: aýaklary dyzçanak we çanaklyk-uýluk bogunlara eplenen, ýagny näsagyň dyzlary garnyna golaý, elleri egin we tirsek bogunlaryna eplenip, döşüne golaý getirilen, dişleri berk gysylan, dodaklary çommaldylan (dodak çommaltma alamaty). Eger näsag arkan ýatan bolsa, onuň kellesi uzak wagtlap ýassyga degmän biler, kellesi bilen ýassygyň arasynda bolsa boşluk emele gelip biler («howa ýassygy» alamaty).

Ýokarda beýan edilen katatonik alamatlar, adatça, näsagyň aňynyň aýdyňlygynda ýüze çykýar, bular ýaly ýagdaýlar *lýusid katatoniýa* diýlip atlandyrylýar. Katatonik alamatlar toplumynyň düýşe meňzeş bulaşmasy bilen utgaşýan ýagdaýy

seýrek duşýar, bular ýaly ýagdaýlara *oneýroid katatoniýa* diýilýär. Katatonik alamatlar toplumy şizofreniýa, ýokanç (infeksion), organik, inwolýusion we beýleki psihozlarda duşýar.

Hereket-erk bozulmalaryny takyklama maksady bilen şeýle soraglaryň berilmegi teklip edilýär:

• Siz hemişe-de şeýle gowşak, lellimmi?
• Siz öz geljegiňizi nähili göz öňüne getirýärsiňiz?
• Sizde «ýaşama derkaram däl» diýen pikirler döreýän-ä däldir?
• Eger-de siz birden ýogalaýsaňyz, şondan soň nämeler bolup geçerkä?
• Irden oýananyňyzdan soň size turmak kyn düşýärmi?
• Sizde «ýatyp uka gidip, soň gaýdyp oýanmaly bolmaýsady» diýen pikir döreýän-ä däldir?

**Tutgaýly alamatlar toplumy (sindrom). Uly tutgaý** ýyldyrym çaltlygynda döreýän ýagdaýdyr. Esasy alamatlary aň-huşuň ýitirilip, koma derejesine ýetirilmegidir: näsag edil tutgaýyň tutan ýerinde bihuş bolup ýykylyar; sudoroga tutgaýlary başda tonik /dowamlylygy 10-30 sek./, soňra klonik /dowamlylygy 2-4 minut/ görnüşde bolýar. Başdan geçirilen tutgaý büs-bütin ýatdan çykarylýar. Alamatlar toplumy dürli görnüşdäki wegetowisseral bozulmalaryny, ýagny tahikardiýany, dispnoýeni, deri örtüginiň gan-peti gaçyp agarmasyny ýa-da gögümtil öwsüp durmasyny, gipergidrozy, sülekeýiň köp bölünip çykarylmasyny öz içine alýar. Tutgaýlaryň ulusynyň öňüsyrasynda aura bolup geçýär. Auranyň we tutgaýyň kliniki düzüminiň ähmiýeti uludyr, çünki olar funksional garaguşagyry (tutgaýy dörediji) fokusyň ornaşýan ýeri baradaky möhüm maglumaty özünde saklaýar.

**Uly tutgaý** – komadan çykylandan soň, köplenç halatda sopor (doňup galan ýaly ýagdaý), ýagny alasarmyklyk häsiýetine eýe bolýar. Şol hem soňundan somnolensiýanyň (doly ukudan çykylmazlyk/ üsti bilen obnubilýasiýa (aňyny bulut gurşan ýaly bolup, oňly seljeribilmezlik) geçip, aňyň düzelmegine getirýär. Tutgaýdan soňky ýagdaýyň aňyň alagaraňkylykda ýaly görnüşdäki bulaşmasyna getirýän ýerleri hem köp duşýar. Beýniniň organiki zeperlenen ýerleriniň salgyny berýän käbir kliniki alamatlaryň ýüze çykýan wagtlary hem bolýar. Ýüze çykyşynyň häsiýetlerine görä uly tutgaýlar iki görnüşe bölünýär:

**Ýaýbaňlanan (adaty) tutgaýda** näsag haýkyryp ýykylýar we göz açyp-ýumasy salymda-da özünden gidip çaşýar. Şonuň bilen bir wagtda tutgaýlar hem peýda bolýar. Olar iki tapgyrly geçýär. Birinjisi – toniki (dowamlylygy 10-30 sek.). Şol döwürde kähalatlarda dil ýa-da dulugyň içki bardasy dişlenýär-de, köpürjikli al gan akyp, dodagyň ýüzüni örtýär. Näsagyň demi tutulýar, reňki gögerýär. Birinji tapgyr kanunalaýyklykda ikinji – kloniki tapgyr bilen çalşyrylýar (dowamlylygy 2-4 min.). Kloniki tapgyrda kähalatlarda erkiňe bagly bolmadyk ýagdaýda ýatan ýeriňde buşukmak, uly täreti etmek ýaly ýagdaýlar hem bolýar.

**Abortiw tutgaý** – yaýbaňlanan titremeli tutgaýdan tapgyrlaryň biriniň, köplenç halatda kloniki, seýrek halatda toniki tapgyryň ýoklugy bilen tapawutlanýar. Adatça, abortiw tutgaýda erkiňe bagly bolmadyk ýagdaýda ýatan ýeriňde buşukmak, uly täreti etmek ýaly ýagdaýlar bolmaýar. Diliň we dulugyň iç ýüzüniň dişlenmesi bolsa seýrek duşýar.

**Kiçi tutgaýlar.** Uly tutgaýlardan tapawutlylykda, kiçi tutgaýda aňyň daralyp, essiň aýylmasy gysga möhletli (10-20 sek.) bolup, aura, tutgaýdan soňky ýagdaý hem-de süňk muskullarynyň ählisinde sudoroglar bolmaýar. Adatça, näsaglar tutgaý zerarly essi aýylyp ýykylmaýar. Kiçi tutgaýlaryň iki görnüşine duşmak bolýar:

**Absans (ýönekeý kiçi tutgaý)** göz açyp-ýumasy salymda özünden gidip, ýöne tutgaý komponentiniň we näsagyň essiniň aýylyp, ýykylmasynyň bolmazlygy bilen häsiýetlenýär. Näsagda hereketleriniň birden togtamagy, gepleşip ýa-da işläp durka säginmegi we ş.m. peýda bolýar. Näsag tutgaý tutanda nähili ýagdaýda duran bolsa, şol ýagdaýda hem doňup galýar. Kähalatlarda şu ýagdaý boýun muskullarynyň işjeňliginiň birden gowşamasy bilen geçip, kelle öňe ýykylýar (guş çokalamasy alamaty). Şolaryň dowamlylygy 1-2 sekuntdan 10-30 sekunda çenli dowam edýär.

**Çylşyrymly absans** gysga möhletleýin aň-huşuň bulaşmasyndan başga, özüniň düzüminde muskullaryň aýry-aýry toparlarynyň, köplenç halatda göwräniň ýokarky bölekleriniň – ýüzüň, boýnuň, elleriň (näsagyň galdyran golunyň ýa äňiniň şalkyldap aşak düşmesi we ş.m.) işjeňliginiň üýtgemesini hem-de dürli wegetatiw bozulmalary (ýüzüniň we elleriniň reňkiniň üýtgemesi, üsgürmek, asgyrmak, peşewi saklap bilmezlik) saklaýar. Düzüminiň aýratynlyklaryna baglylykda olar atonik, mioklonik we wegetatiw absanslara bölünýärler.

**Piknoleptik tutgaýlar** çagalarda duş gelip, gysga möhletli özünden gitmesi, ýüzüň gan-peti gaçyp agarmasy, gyllygyň akmasy we başyňy yza atmak, elleriňi yza aýlamak, gözleriňi agdarmak ýaly terse, ýagny arkanlygyna gönükdirilen üýtgeşik görnüşdäki hereketleriň edilmegi bilen ýüze çykýar.

**Kiçi tutgaýlaryň statusy** has seýrek duş gelip, birnäçe sagadyň, hatda birnäçe günüň dowamynda yzly-yzyna dyngysyz geçýän köp sanly tutgaýlar bilen ýüze çykýar. Tutgaýlaryň aralygyndaky gysga möhletli arakesmelerde näsaglar aýňalyp, huşuna gelmänsoň, olar alagaraňkylykdaky ýaly aň bulaşmasy ýagdaýynda ýatandyr diýen pikiri döredýär. Şolaryň aratapawudyny diňe EEG arkaly seljerip bolýar.

**Psewdoabsanslar** aň-huşuň gysga möhletleýin ýitirilmesi, nazaryň doňup galmasy bilen başlanýar. Psewdoabsanslar hakyky absanslardan tutgaýlaryň dowamlylygynyň uzaga çekmesi, şolaryň ösüşiniň haýallamasy we reduksiýasy (ýönekeýleşdirilmesi) bilen tapawutlanýar. Şolar has ýiti wegetatiw süýşmeler bilen «örtülip» seňseleme bilen tamamlanýar. Şeýle ýagdaýlaryň aýyl-saýyl edilip çäklendirilmegi üçin EEG zerurdyr. Fokal «çekge» paroksizmli psewdoabsanslar hakyky absanslara garanda has oňaýsyz netije bilen tamamlanýar.

**Mioklonik (impulsiw) tutgaýlar** ýetginjekligiň öň ýanyndaky we ýetginjek ýaşlylarda döräp, göwräniň ýokarky bölümleriniň – boýnuň, egniň, elleriň iki tarapynda (seýrek ýagdaýda ähli göwräniň) muskullaryň sudorogy bilen ýüze çykyp, edil şol pursatda näsag elinde saklap duran zadyny ýere gaçyrýar. Şeýle tutgaýlar, esasan, seriýaly görnüşde ýüze çykyp, (15-20 gezek yzly-yzyna tutyar) aralykda birnäçe sagadyň dowamynda kesilýärler.

**Akinetik (propulsiw) tutgaýlar** 2-3 ýaşly çagalara häsiýetli bolup, kliniki taýdan göwräniň, ähli bedeniň, aýratyn hem kelläniň öňe gönükdirilen hereketleri bilen ýüze çykýar. Şuňa duýdansyz baş atma («baş atmalar»), kelläniň aşak hem öňe edilýän okgunly hereketleri («çokalamak» alamaty), göwräniň inçe bilde epilip, gollaryň gapdallara serilmesi (Salamow tutgaýlary) hem-de dik duran çaganyň gürpüldäp duýdansyz öňe ýykylmagy görnüşindäki astatik tutgaýlar girýär. Propulsiw tutgaýlar bir aýdan birnäçe aýa çekýän döwürleýin ýüze çykyp, şolaryň döwrüň birinji bölüminde ýygylygynyň gün içinde onlarça gezek köpelip, kem-kemden hem gije-gündizdäki sanynyň azalmagy bilen geçýär. Şeýle tapgyrly tutgaýlaryň aralyklary köplenç halatda diýseň uzaga çekýär (birnäçe aýa çenli). Gelip çykyşy boýunça akinetik tutgaýlar miokloniklere çalymdaş bolýar. Akinetik tutgaýlaryň esasynda beýniniň organiki bozulmasy ýatyp, şolarda entek tutgaýlar peýda bolmanka, psihiki hem fiziki ösüşlerinde yzagalaklygyň üsti açylýar. Tutgaýlaryň peýda bolmagy bilen nerw-psihiki ösüşiň görnetin yza galýanlygy, hatda eýýäm ele alnan hereket endikleriniň we sözleýşiň ýitirilmegi ýüze çykýar.

Akinetik tutgaýlar Uestyň şolara çalymdaş alamatlar toplumynyň bir bölegi ýaly bolýar. Patologik özeni bolan bu alamatlar toplumy beýniniň maňlaý-çekge bölümleriniň daşky gatlagynyň atrofik özgeriş görnüşdäki kemisliginde bolýar.

Kliniki taýdan baş atmalar, «çokalamalar» we Salamow görnüşdäki tutgaýlar bilen ýüze çykýan bu ýagdaý köplenç halatda giňeldilen fokal myşsa-sudorogly tutgaýlary we psihiki ösüşiň togtadylmagy bilen utgaşyp geçýär. Esasy patologik özeni beýniniň daşky gatlagynyň we şonuň infrakortikal düzüminiň tutuşlaýyn atrofiýasy bolup durýan Lennoks – Gasto alamatlar toplumynyň çäklerinde akinetik tutgaýlaryň, tonik sudorogaly tutgaýlaryň, kemakyllykly we doly ösmedik psihomotorikaly atipik absanslaryň utgaşýandygyny görmek bolýar.

**Wegetatiw – wisseral (diensefal) tutgaýlarda** garaguşagyrynyň ojagy beýni sütüniniň rostral (burun) bölüminde ornaşyp, pulsuň we dem alşyň çaltlaşmagy, deriň we peşewiň bölünip çykarylyşynyň güýçlenmegi, gipertermiýa (gyzgynyň galmagy), göreçleriň giňelmegi, ýürek bulanma we birmeňzeş endigan titreme ýaly dürli görnüşdäki wegetatiw bozulmalar bilen ýüze çykýar.

**Ojaklaýyn (fokal) tutgaýlar.** Jeksonyň motor tutgaýlary bolup (garaguşagyrynyň ojagynyň beýniniň garşydaky ýarymşarynyň merkezi egreminiň daşky

gatlagynda ornaşyp), ýüzüň ýa-da el-aýaklaryň (köplenç halatda penje) etleriniň birtaraplaýyn klonik, ýa-da tonik sudoroglary bilen ýüze çykyp, olaryň tutgaýyň geçmeginde güýçlenip, uly (tutuşlaýyn) sudoroglara geçmegi mümkin. Şeýle paroksizmleriň ekswizit (çykan ýerine görä) görnüşi klonik sudoroglaryň ýuwaş-ýuwaşdan aşaklygyna – ýüzüň myşsalaryndan eliň, göwräniň, aýaklaryň myşsasyna süýşüp giňelmegi netijesinde döreýän «Jeksonyň marşydyr».

**Adwersiw (adversio – gapdala sowma) tutgaýlar** (garaguşagyryny döredýän ojagyň beýniniň maňlaý ýa-da alynky-çekge bölüminiň sebitleriniň daşky gatlagynda ýerleşen ýagdaýynda) gözleriň, kelläniň, hatda tutuş göwräniň, beýniniň daşky gatlagynda ornaşýan ýokarda agzalan ojagyň garşysyna tarap aýlanmagydyr. Bu köplenç, eliň ýarym epilen görnüşinde garaguşagyry ojagynyň garşysyna tarap uzaldylyp galdyrylmagynda ýüze çykýar.

**Sensor tutgaýlary** fokal tutgaýlarynyň ýygy-ýygydan tutmaýan toparlarynyň biridir. Şuňa somato-sensor, görüş, eşidiş, ys alyş we tagam duýuş tutgaýlary girýär. Şunda garaguşagyryny döredýän ojaklar şolaryň hersine aýratynlykda degişlilikde beýniniň çekge süýr depe ýa-da yzky merkezi egremlerinde, beýniniň daşky gatlagynyň çekge-ýeňse bölümlerinde, ýokarky çekge bölüminiň daşky gatlagynda, gippokampyň gaňyrçagynyň sebitlerinde (unkus), insulo-periinsulýar we operkulýar sebitleriň daşky gatlagynda ornaşýar. Tutgaýlaryň bu topary üç sany kliniki görnüşe syrygýar: gallýusinator, illýuzor we elementar (ýönekeý adaty). Gallýusinator görnüşi nyşanlaryň çylşyrymlylarynyň kabul edilmesi, el-aýaklaryň bolşy, görüş sahnasy, sazlaryň eşidilmesi, agyzdaky zadyň özboluşly ysy we tagamy, ýagny somatik, görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş gallýusinasiýalara laýyklykda ýüze çykýar. Illýuzor görnüşi mahsus bolan kabul edilmeleriň duýdansyz, gysga möhletleýin ýoýulmasy bilen ýüze çykýar. Elementar (adaty) görnüşi bolsa, öz-özünden döreýänler ýaly iňňe dürtülýän, guruşýan, «garynja ýöreýän», agyryny, sowugy, gyzgyny, ýiti ýagtynyň ýylpyldysyny, gözüň garaňkyramagyny duýmaklyk ýaly paroksizmal duýgularyň peýda bolmagy bilen geçýär. Eger-de başdan geçirmeler elementar görnüşdäki ýaly birtaraplaýyn ornaşanlykda bolup geçse, onda olar Jekson tutgaýlarynyň sensory hökmünde bellenilýär.

Tutgaýlaryň ýygylygy dürli-dürli, ýagny näsagyň ömrüniň dowamynda bir-iki gezek, döwürleşdirilen, şeýle-de birsyhly yzygiderlikde bolýar. Kähalatlarda olar yzy üzülmän yzly-yzyna gaýtalanyp durýarlar. Haçan-da aýry-aýry tutgaýlaryň aralygynda näsag huşuna gelse, bu sudorogaly tutgaýlaryň tapgyrly görnüşidir, emma paroksizmleriň aralygynda doly huşuna gelmese, bu tutgaýlaryň statusydyr. Tutgaýlaryň ähli görnüşleri garaguşagyry keselinde, garaguşagyry alamatlar toplumy bilen geçýän beýniniň organiki kesellerinde, şeýle-de ýiti ýokanç ýa-da zäherlenme ýagdaýlarynda daşarky täsire ekzogen görnüşli jogap berilme hökmünde bolup geçýär.

## 15-nji bap. Aňyň bozulmalary

**Aňyň bozulmasy** – bu psihiki işiň geçişiniň peselme derejesini aňladyp, aýry-aýry psihiki funksiýalaryň bozulmagynyň ýeňil-agyrlygy, olaryň özara düzelip bilmekligi arkaly kesgitlenilýär. Şundan hem aňyň patologiýasynda hil tarapdan dürli ýagdaýlaryň, şeýle-de onuň bozulmalarynyň çuňlugynyň dürlüliginiň bolmagy gutulgysyzdyr. Aýry-aýry psihiki funksiýalaryň bozulmagynyň täze görnüşli hile geçip, aňyň bozulmasyna getirýän çäkleriň kesgitlenilmesiniň çetinligi psihiki işiň islendik bozulmasyny aňyň bozulmasy diýlip hasaplanylmagyna getirdi (L. R. Sluçewskiý). Şol sebäpli hem aň-düşünjäniň garşysyna psihiki düşünjäni, ýagny beýni işiniň jeminiň we reseptor apparatynyň häsiýetlerini goýmaly. Meselem, göz keselllerinden dörän körlük görüş kabul edilişiniň ýitirilmegi görnüşindäki psihiki bozulmalary döredip, kabul edilişiň beýleki görnüşlerini güýçlendirer, ýöne ol aňyň bozulmagyna getirmez. Emma aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynyň islendik alamatlar toplumynda kabul ediş funksiýasy, şol sanda görüş kabul edilişi hem öňi bilen beýleki psihiki funksiýalar bilen özara täsirliligiň ýoýulmasynyň netijesinde bozular. Şeýlelikde, psihiki bozulmalar aňyň dürs, aýdyň wagtynda-da, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynda-da döräp biler.

Psihiatriýanyň iş tejribesinde aň bozulmalarynyň bäş görnüşi bölünip görkezilýär: *deliriý, oneýroid, samrama (amensiýa), aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmalary* we *seňseleme*. Şu alamatlar toplumlarynyň islendigine psihiki funksiýalaryň we olaryň özara täsirleriniň bozulmalarynyň ählisi häsiýetli bolup, onda patologik önüm «plýus alamatlary» barada gürrüň edilmegi hökmany däldir. Ýöne onda psihiki prosesleriň gowşadylmagy, hatda olaryň ýatyrylmagy hem ýüze çykyp biler. Hereketleriniň dürs ugrukdyrylmasynyň we aýry-aýry psihiki funksiýalaryň özara baglanyşygynyň bozulmalary aňyň bozulma alamatlar toplumlaryna degişli bolan ýagdaýa, ýagny duran ýeriniň niredigini, wagtyň näçedigini, kähalatlarda bolsa asla özüniň kimdigini bilmezligi ýaly ýagdaýlara getirýär. Şeýle bozulma bolsa öz gezeginde geçen durmuş tejribesini ulanma mümkinçiliginiň ýitirilmegine, özüni alyp barşynda gödek ýalňyşlyklaryň goýberilmegine, sözleşip habarlaşmany başarmazlygyna getirýär.

Aňyň bozulmalary, hatda uzaga çeken bozulmalary hem düzedip bolmaýan ýagdaý däldir, çünki bu ýagdaý uzaga çekmän näsagyň sagalmasy ýa-da ýogalmasy bilen tamamlanýar.

Özgeren ýagdaýly aňyň umumy biologik häsiýeti hem ýüze çykyp bilýär. Beýniniň iş režiminiň bozulmasy, psihopatologiki ýagdaýlaryň ýüze çykmagy, şeýle-de beýniniň biohimiýasynyň özgermesi bilen bilelikde geçýänliginden ybaratdyr. Soňky ýyllarda geçirilen ylmy-barlag işleriň netijesinde, beýniniň sinapslarynda ýokary işjeň maddalaryň neýropeptidleriň, endorfinleriň, enkefalinleriň emele gelýänliginiň üsti açyldy. Olar zäherli däldir we tijendiri-

ji, köşeşdiriji we agyryny aýryjy bejeriş häsiýetlerine eýe bolan serişdelerdir. Şu maglumatlaryň netijesinde, meselem, öýkeni sowuklan näsag komatoz ýagdaýa düşende ýa-da aňyň başga bir görnüşli bozulmasyna uçranda «krizisiň» näme üçin ýüze çykýandygy düşnükli bolýar, şonda ol ýa-ha ölýär, ýa-da özüne gelip, täzeden doglan ýaly bolup sagalyp gidýär. Görüp otursaň, aňyň özgeren derejesine öz-özünden geçilmegi neýromediatorlaryň basyrylyp ýatanlaryna, ýagny adamyň öz bedenindäki tebigy dermanhanasy ulanylyp, hälki bozulan ýagdaýlaryň düzedilmegi eken. Adamyň öz içindäki (süňňündäki) şol dermanhana örän ir wagtlardan bäri, ynsanlaryň lukmançylykdan bihabar döwürlerinde-de bolupdyr. Şunda dartgynlygy ýokarlanýan immunitetiň iş mehanizminiň ulanylýanlygyny çak etmek bolar. Şu getirilen mysaldan lukmanyň gözegçiligi astyndaky akyl-huşuň ugrukdyrylyp bolunýan özgerişli ýagdaýyny dürli görnüşli bejergi işlerinde ulanyp boljakdygy baradaky netijä gelmek bolar. Adamzadyň medeniýetiniň taryhyna göz aýlasak, gadymyýetden ulanylyp gelnen şeýle bejerginiň köp sanly mysallaryna duşmak bolýar. Bejergi maksady bilen akyl-huşuň özgerdilip ugrukdyrylýan dermanlarynyň ulanylandygy baradaky maglumatlary ähli milletleriň geçmiş medeniýetlerinden we dinlerinden, ýagny asekleriň «mukaddes» psihotomimetikleri kabul etme dessuryndan, demirgazyk şamanlarynyň gallýusinogen häsiýetli ösümlikleriň tüssesine (tütünine) tutup jadylama däpleri arkaly näsaglary trans ýagdaýyna ýetirip, tiräniň gadymy ata-babalarynyň ruhlary bilen duşuşdyryp habarlaşmak ýagdaýyna ýetirendiklerinden görmek bolýar. Induslaryň taglymatlaryndaky meditasiýalar (aralygynda durýanlar), hristian dininiň liturgiýalary (hudaýa çokunmalaryň baş däbi) süreleri okamak, şolara bagyşlanan sazlary çalmak, çokunyp däli-porhan bolmak – bularyň barysy psihogen özgerdilen derejeli ugrukdyrylyp bolunýan, aňa emeli täsir edip girme usullarynyň görnüşleridir.

**Aňyň derejesiniň peselme alamatlar toplumy (sindromy). Seňseleme** – düzümi boýunça aň bozulmasynyň iň ýönekeý alamatlar toplumydyr. Şunda paranoid ýa-da gallýusinasiýalar ýaly önjeýli psihoalamatlar ýüze çykmaýar. Diňe psihiki hereketlenilişiň ähli görnüşleriniň gyradeňlikli ýatyrylmasy döreýär: näsaglarda aspontanlyk, hetdenaşa ysgynsyzlyk, oýlanyşynyň haýallaşmasy, kabul edişinde barha aýdyňlygyny ýitirýän gümürtiklik peýda bolýar. Töwerekde bolup geçýän wakalar näsagdan arany açyp daşlaşýan ýaly bolup, ýagdaýa laýyk reaksiýalary döretmek bes edilýär. Seňselemäniň çuňlugyna baglylykda gowşak gyjyndyryjylar seljerilmeýär, olara jogap reaksiýa bolmaýar, güýçli gyjyndyryjylara bolsa aramlyk, hatda gowşak reaksiýa berilýär.

Seňseleme alamatlar toplumynyň dürli görnüşli köp sanly sebäpleri bolup biler. Şolardan öý hojalygynyň we senagatyň döredýän köp sanly zäherlenmelerini, bagyr we böwrek kesellerini (meselem, uremiýa seňselemesi), ýokanç keselleri, aýratynda, olaryň beýnide bolup, likwor gipertoniýasy (beýni suwuklygynyň basyşynyň

ýokary galmagy) bilen utgaşyp geçýänlerini, kelle şikeslerini, kelleçanagyň içinde ýerleşýän göwrümli prosesleri (çişleri) görkezmek bolar.

Psihiatriýanyň gündelik işinde günsaýyn diýen ýaly insulin bilen bejergi alýan näsaglarda seňseleme görnüşli aň bozulmasyna duş gelinýär.

Adatça, seňseleme ýuwaş-ýuwaşdan başlanyp, aň bozulmasynyň dürli çuňlukda häsiýetlenýän tapgyrlarynda kem-kemden beterleýär. Keseliň beterleşmegine baglylykda seňselemäniň şeýle derejelerini: obnubilýasiýany, somnolensiýany, sopory we komany bölüp görkezýärler.

**Obnubilýasiýa** – aňyň obnubilýasiýasynda özüňi ugrukdyryp netije çykarmany başarmagyň gödek bozulmasynyň bolmazlygy hem mümkin, ýöne munda psihiki işiň işjeňligi birden togtaýar-da, ol görnetin kemterlenýär. Töwerekdäkileriň çintgeläp berýän soraglaryna dogry, yöne örän gysga jogap berýärler, özleri bolsa hiç zat bilen gyzyklanmaýarlar. Şeýle näsaglaryň pikir yöredişinde, oýlanyşynda düýpli ýalňyşlyklaryň goýberilýän pursatlary hem bolýar. Şol sebäpli-de käbir halatlarda olaryň ýagdaýlary nädogry kesgitlenilip, olar kemakyl hasaplanylýar. Şeýle näsaglaryň keýpleri apatik, kähalatlarda bolsa eýforik öwüşginli bolýar, ýöne ol oýlanylyşyň çaltlaşmagy we hereket göçgünligi bilen geçmeýär. Intrakranial (kelleçanak içre) infeksiýada, meselem, progressiw paraliçde bolşy ýaly (merezýel keseli wagtynda bejerilmän, ötüşdirilende beýni zeperlenip, özboluşly kemakyllyk – progressiw paraliç ýüze çykýar), obnubilýasiýada hem durnukly häsiýete eýe bolup, keseliň agyrlygyny ýaşyryp biler. Malýaroterapiýanyň netijesinde, progressiw paraliçiň başlangyç döwründäki aňyň obnubilýasiýasy yz galdyrman aýrylyp gidýär (A.W.Sneżnewskiý, 1970). Muny kelle şikeslenmelerini alan käbir näsaglar barada-da aýtsa bolar, ýagny olarda şikeslenmäniň ilkinji sagatlary arkaýynlyk, biagyrylyk, hatda lukmanlaryň kömeginden hem ýüz öwürýän halatlary hem bolýar. Ýöne ýagdaýlarynyň birden erbetleşmegi, olaryň ýagdaýynyň juda agyrdygyny görkezýär.

**Somnolensiýa** – näsagyň aňynyň dürs wagty oňa sorag berlende ol edil häzir ukudan oýanan alasarmyk ýagdaýdaky adamyny ýatladýar. Ol eşiden zady barada uzak oýlanyp durýar, ýöne bada-bat anyk jogap berip bilmeýär, aýratyn hem sowarak soraglar berlende has aljyraýar. Olar üçin Krepeliniň usuly bilen hasap geçirme ulanylýar: 100-den ýedi-ýediden ýa-da 17-den aýyrmak usuly arkaly netije çykarmak örän kyn düşýär; ikinji ýa-da üçünji aýyrmasyndan soň gödek ýalňyşlyklar ýüze çykyp başlaýar. Näsag hatda öz ýaşynam ýatlap bilmeýär, oňa derek ol öz doglan ýylyny, ýagny durmuşda gaýta-gaýta ýatlanyp, agzalyp durlan sany ýatlaýar, ýaşymyzy bolsa biziň her birimiz ýylda täzeden ýatda saklamaly bolýarys. Hatda gysga möhletli söhbetdeşlik hem näsagyň ünsüni tapdan düşürýär. Onuň berýän jogaplary ýalňyş hem nätakyk bolup çykýar, onsoň näsag usurgan ýaly bolup sesini çykarman dymyp oturýar. Birnäçe minutdan soň söhbetdeşlik dowam etdirilýär, ýöne ýene-de öňküsi ýaly onuň söhbeti gysga möhletli bolýar.

**Sopor** ýönekeý adaty reaksiýalaryň saklanyp galyp, aýyl-saýyl edilen reaksiýalaryň ýitirilmegi, hatda iň güýçli gyjyndyrmalara hem takyklanan reaksiýalaryň bolmazlygy bilen häsiýetlenýär. Meselem, sesli gygyrmaklyga näsag sessiz-üýnsüz hereket edip, dodaklaryny çalaja müňküldetme bilen çäklenýär, nämedir bir ýiti zat bilen barmagyna sançsaň, elini dartyp alýar, gulagynyň golaýynda çapak çalsaň gözlerini bürýär we ş.m. Myşsa refleksleri saklanyp galýar, ýöne olaryň adaty bady birneme peselýär. Şeýle-de näsaglarda dizrefleksiýa, distoniýa, dizesteziýa alamatlary bolýar.

**Koma** aňyň seňselemesiniň has çuňňur derejesi. Muňa islendik gyjyndyrma, hatda olaryň iň güýçlülerine-de reaksiýalaryň ýoklugy häsiýetli bolýar. Olaryň süňňüniň muskullary gowşap, göreç fotoreaksiýalary, bokurdak, korneal (gözüň buýnuz bardasynyň) refleksleri düýpli ýatyrylýar. Komatoz ýagdaýy adamyň janyna howp salýar, çünki ol çuňlaşanda dem alşyň, ýüregiň işleýşiniň, wegetatiw-trofik funksiýalaryň kadalary bozulýar. Çuňňur komatoz ýagdaýdan çykylandan soň, onuň ýaramaz netijeleri hökmünde Korsakowyň amnestiki alamatlar toplumy görnüşindäki ýa-da çäklendirilen dürli newrologik bozulmalar ýüze çykyp biler. Komatoz ýagdaýy, köplenç halatda asfiksiýadan (demikmeden), insultlardan, garaguşagyry tutgaýlaryndan soň döreýär. Komada arefleksiýa, atoniýa, anesteziýa duş gelýär.

**Aň bulaşmasynyň alamatlar toplumy (sindromy). Deliriý** – aňyň ýeňilräk, gaty bir çuňňur bolmadyk bozulmasy bilen häsiýetlenýär. Şonda duran ýeriň niredigini we wagtyň näçedigini bilmeklik ýitirilip, özüniň kimdigini bilmeklik bolsa bozulman saklanyp galýar. Delirioz alamatlar toplumy belli bir derejede sagdyn, çuňňur zeperlenmedik beýniniň daşarky täsiriň zyýanlysynyň agdyklyk edýän agyra reaksiýa berşiniň oňaýly görnüşidir. Şol sebäpli-de, köplenç halatda deliriýniň tamamlanyşy oňatlyk bilen gutarýar.

Deliriýniň döremegine we ýaýbaňlanmagyna intoksikasiýalar, infeksiýalar, beýni şikesleri we seýrek ýagdaýda «şok» häsiýetli agyr psihotrawma salýan başdan geçirmeler sebäp bolup biler. Deliriý tetraetil gurşundan, kokainden, weronaldan, atropinden zäherlenmelerde, seýle-de üznüksiz arak içilmekden, melipraminiň köp içilmeginden ýüze çykýan zäherlenmelerde döreýär. Ýokanç kesellerden: gyzamyk, epidemiki ensefalit, gyzzyrma, garahassalyk we örgünli garahassalyk deliriýniň döremegine getirýär.

Adatça, deliriýniň döremezinden ozal özüniň jemleniş tutuşlygynda deliriýniň öňüsyrasyndaky ýagdaý diýilýän dürli görnüşdäki alamatlar ýüze çykýar. Bu öňi bilen ukynyň bozulmagydyr. Näsag kynlyk bilen uka gidýär, irkilmezinden ozal elhenç gipnogogik gallýusinasiýalar peýda bolýar. Ol häli-şindi gorkunç düýşleri görüp, tisginip oýanýar. Şeýlelikde, ol iki-üç gijeläp düýbünden uklap bilmeýär. Näsag kalbynda güýçlenýän howsalany, delillendirilmedik, sebäpsiz gorkulary duýýar. Ol sähel şygyrdydan tisginýär, hatda kölegelerden hem gorkýar. Näsag ýeke

galmakdan, garaňkylykdan gorkup, jaýyň içindäki bar elektrik çyralary ýakýar. Hut şol döwürde köp sanly gorkuzyjy görüş, şeýle-de eşidiş illýuziýalaryň peýda bolmagy-da mümkindir.

Ýokarda görkezilen şu wakalardan soň, birnäçe sagadyň dowamynda, adatça, gijelerine, deliriý döreýär. Şonuň esasy alamatlary hökmünde köp sanly görüş gallýusinasiýalary peýda bolup, olar obýektiw boşlukda, ýagny näsagyň göwresinden daşarda ornaşan bolýarlar. Ten duýma (galtaşma), seýrek ýagdaýda eşidiş we ys alyş gallýusinasiýalary peýda bolýar. Şu gallýusinasiýalaryň ähli görnüşleri biri-birleri bilen utgaşyp, sepleşdirilen çylşyrymly gallýusinasiýalary emele getirýär. Meselem, näsaglar mör-möjekleriň öz üstünde gyrmyldaşyp, bökjekleşip ýörendiklerini we olaryň özleriniň tenine degýändiklerini duýýarlar. Geň-enaýy görnüşde, adatça, gorkuly mazmundaky sahnadaky ýaly gallýusinator kabul ediş hem şuňa häsiýetli bolýar: näsaglar ölüleriň jaýlanyşyny, adamlara jeza berlişini görýärler. Näsag gallýusinator duýgulara (aldanmalara) çyny bilen garşylyk görkezýär: eline palta alyp, özüne tarap towlanyşyp gelýän ýylanlary kerçemäge okdurylýar, olaryň hemmesini birden kerçemäge ýetişmejekdigine gözi ýetip, olaryň baryndan birbada dynmak niýeti bilen, jaýy otlamagyň küýüne düşýär. Näsaglar gallýusinator başdan geçirmeleriň mazmunyna gabat gelýän üzlem-saplam samrama ideýalaryny aýdýarlar. Olaryň emosional ýagdaýy hem düýpgöter özgerýär: näsaglar belli bir sebäpsiz gorkyny, howsalany, ynjalyksyzlygy, dartgynlygy duýýarlar. Olaryň özlerini alyp baryşlary köplenç halatda topulmaklyga, uruşmaklyga ýykgyn ediji hem samsyklaç bolýar. Hyýalyna getirýän sil almasyndan halas boljak bolup ýassykdyr ýorgan-düşeklerden özüne sal ýasanýar, jaýyň burçlarynda haýwanlar gizlenip ýatandyrlar diýip pikir edýär we olary otly kesindiler bilen kowmakçy bolup, jaýyň ortarasynda ot ýakmaga synanyşýarlar ýa-da tutjak bolup jaýyň içinde emedekleýärler. Sözleri düşnüksiz bolup, peltekläp gürleýär we köplenç halatda gallýusinator şekillere ýüzlenýär. Ünsi durnuksyz, tiz tapdan düşegen we pes bolýar. Kähalatlarda çasly ses bilen ýüzlenip, onuň ünsüni gallýusinator şekillerinden sowmak we bir-iki sany soraga dogry jogap almak başardýar, ýöne bir minut geçip-geçmänkä edilýän gürrüň ýene-de kesilýär. Onuň bilen doly aragatnaşygy ýola goýup bolmansoň, huşunyň nähili ýagdaýdadygyny bilmek gaty seýrek başardýar. Emma infeksion deliriýlerde birçaklar daşary ýurt dilinde tötänlikde eşidilen gürrüňleriň, gazallaryň we ş.m. ýokary ýatkeşlik bilen aýdylan ýerleriniň gabat gelendigini bellemek bolar.

Näsagyň duýuş kabul edişiniň derejesi ýokarlanýar. Aýry-aýry wagt aralyklaryna baha bermek bozulýar, töwerekdäki zatlaryň aradaşlygynyň, möçberiniň, göwrüminiň kesgitlenilişi peselýär, hut öz göwresiniň suduryny kabul edişi ýoýulýar. Ýokanç kesellerden döreýän deliriýlerde psihosensor bozulmalar has köp duşýar. Muňa W. L. Gilýarowskiniň beýan eden örgünli garahassalykdan dörän deliriýdäki «ýoldaşly alamatyny» mysal getirmek bolar. Deliriý ýagdaýyndakylaryň häsiýetli taraplarynyň biri-de, olaryň ynanjaňlygynyň ýokarlanmagydyr. Olara ala-

dasy edilýän äheňli soraglar berlip, gallýusinasiýalarynyň mazmunyny aýtdyryp bolýar. Näsaga hyýala getirilýän sapagyň ujundan tut diýlende, onuň şol ýok sapagy eline alýan ýaly edip, yhlas bilen eliniň daşyna sarap başlaýandygyny görmek bolýar.

Gündizlerine gallýusinator başdan geçirmeleriň bady pese gaçýar ýa-da şolar büs-bütin aýrylyp gidýär. Belli-belli wagtlarda näsaglar ugur tapmagy, baş alyp çykmagy doly başarýarlar, daş-töweregine anyk göz ýetirip düşünýärler, akyl-huşy durlanýar (lýusid «yşyk penjiresi» diýilýäni). Näsaga ilkinji gezek duşan lukmanda birbada psihozyň ýoklugy baradaky pikir döreýär. Şeýle ýagdaýlarda gallýusinasiýalaryň bardygyny öjükdiriji soraglar arkaly bilmek bolar. Onuň üçin näsaga Reýhardtyň, Lippmanyň, Aşafenburgyň testine jogap bermek hödürlenýär.

Adatça, deliriýniň dowamlylygy üç gije-gündizden aňry geçmeýär. Bir hepde dowam edýän görnüşi seýrek bolýar. Şonuň birnäçe sagada çekýän abortiw görnüşi has-da ýygy duşýar (gijeki gyzamyk deliriýsi). Uzak, rahat uky näsagyň deliriýden çykmagy üçin örän ähmiýetlidir. Deliriý oňatlyk bilen tamamlanyp, şondan çykylandan soň birnäçe hepdäniň dowamynda asteniki ýagdaý döräp, belli-belli gipnogogik gallýusinasiýalar peýda bolýar. Uzaga çekýän (protragirlenen) deliriýler litiki tamamlanma bilen häsiýetlenýär. Deliriý oňaýsyz geçende ol beýleki psihotik ýagdaýlara: amensiýa, koma, şeýle-de werbal gallýusinozyň, Korsakowyň alamatlar toplumlaryna transformirlenýär (geçýär). Deliriýni döredýän esasy keseliň oňaýsyz geçmegi netijesinde onuň ölüm bilen gutarmagy, şeýle-de näsagyň psihomotor göçgünlikli ýagdaýda öz janyna kast etmäge synanyşan pursadynda özüne şikes ýetirmegi we şikes almagy ähtimaldyr. Delirioz ýagdaýynda başdan geçirilen zatlar yzygiderli we dolulygyna hakydada galmaýar. Gallýusinator başdan geçirmeler has oňat, deliriý döwründäki başdan geçirmeler bolsa ýatda has ýaramaz saklanylýar. Psihoz tamamlanandan soňky ilkinji günlerde ýatlamalar aýdyň hem has doly bolýar, gijräk bolsa olar öçügsilenip, şolar barada häli-şindi gürrüň edilip durulýan wakalaryň käbirisi ýatda galýar. Kähalatlarda dogry ýatlamalar bilen bir hatarda konfabulýasiýalaryň ýüze çykmagy-da duş gelýär.

Döreden sebäplerine baglylykda delirioz ýagdaýlary käbir özüne mahsus bolan aýratynlyklary häsiýetlendirýär. Alkogol deliriýsinde gallýusinasiýalar gorkunç häsiýetli bolýar. Şolar, köplenç halatda, arwah-jynlaryň şekili, jesetler, ýylanlar görnüşinde ýüze çykýar. Howsala hem gorky, eýforiýa we özüniň başdan geçirmelerine kinaýaly (wäşilik) garamasy bilen utgaşýar (dara çekileniň kinaýasy). Ýokanç (infeksion) deliriýlere gallýusinator hereketlilik häsiýetli bolýar: näsaglar kä güwläp gorpa gaýdýan ýaly bolup, käte uçarda uçýarlar, heläkçilige uçran, harasat gopan ýaly ýagdaýlary hem başdan geçirýärler. Atropin deliriýsinde tene degiş gallýusinasiýasy aýratyn güýçli ýüze çykma bilen häsiýetlenýär. Näsaglar reňksiz mör-möjekleri has köp görýärler. Şolary aýyrjak bolup üst-başlaryny yzygider-

li kakýarlar. Olar el-aýaklarynyň biçak uzalýanlygyny haýran galyp synlaýarlar. Tetraetil gurşun deliriýsi agzyň içi saçlardan hem sapaklardan, gyl-gymyrdan dolan ýaly aýratyn duýguly geçýär we näsag şolary birsyhly sogrup aýyrma bilen meşgullanýar. Deliriýleriň käbir görnüşleri, aýratyn hem ýaşy gaýdyşan näsaglarda döreýän deliriýler, çuňňur emosional bozulmalar bilen geçmeýär, şol sebäpli-de, olarda döreýän gallýusinasiýalar gorkuly häsiýetde bolmaýar. Näsaglar özlerini adaty iş şertlerinde görýärler, özleriniň işde edýän hereketlerine meňzeş hereketleri birsyhly gaýtalaýarlar: tikinçi göze görünmeýän iňňe bilen tikin tikýär, aşpez kotlet taýynlaýar, ädikçi hyýalyna getirýän çüýlerini kakýar we ş.m. Deliriýniň şeýle görnüşine hünärmenlik deliriýsi diýilýär.

Somatik tapdan düşen näsaglaryň, aýratyn-da, güýçli zäherlenme bilen geçýän howply çiş ýaly agyr keseliň terminal (ölüm halyndaky) tapgyrlarynda deliriý alamatlar toplumynyň göçgünli bolmadyk ýagdaýda geçmegi mümkindir. Näsaglar öz düşeklerinde uly hysyrdy bilen başagaý bolup, hemişe hüňürdäp oturýarlar, gürrüňleri üzlem-saplam düşnüksiz, belli bir adama gönükdirilmedik bolýar. Duran (oturan) ýeriniň niredigini, nä wagtdygyny bilmeýär, düýbünden ukusy bolmaýar. Deliriýniň şu görnüşi mussitirleýji diýlip atlandyrylýar. Çuňňur amnestik bozulmalar bilen utgaşyp geçýän garrylyk psihotiki ýagdaýy bolan näsaglarda duran ýerini, wagty bilmezlik ýaly ugur ýitirilmek bolýar. Şolara mahsus bolan ýalňyş tanamaklyga, kesesinden synlaýanlaryň gallýusinasiýalar ýa-da illýuziýalar diýip düşünmekleri-de mümkindir. Şolar ýaly näsaglaryň gürrüňleriniň baglanyşyksyz, üzlem-saplamdygy sebäpli, olar bilen dogry aragatnaşygy ýola goýup bolmaýar. Şol sebäpli hem awtorlaryň käbirisi şeýle ýagdaýy uzaga çekip könelişen görnüşde geçýän deliriýleriň beýleki ähli görnüşlerinden tapawutlandyryp, olary delirioz alamatlar toplumynyň aýratyn görnüşi – amnestiki deliriý diýip atlandyrmaga ýykgyn edýärler.

Deliriýniň patogenezi Ý.A. Popow (1941) tarapyndan derňelip öwrenilipdi. Ol näsaglaryň fantastik başdan geçirmelerini fiziologik ukudaky düýş görmeler bilen, şeýle-de aglaba duýujylyk öwüşginli häsiýete eýe bolan görüş hem köp görnüşliligi bilen tapawutlanýanlaryny deňeşdirip görüpdi. Patofiziologik taýdan beýniniň daşky böleginde motor zolagynda göçgünli bölekleýin togtadylyşyň bardygynyň üsti açyldy. Signal ulgamynyň birinjisinde fazaly ýagdaýyň, ikinjisinde bolsa çuňňur togtadylyşyň barlygy anyklanyldy (I. W. Strelçuk, 1970).

**Samrama (amensiýa). Samrama** – aňyň uzaga çekýän çuňňur bozulmaly alamatlar toplumy bolup, töwerekleýän boşlukda ugur tapyp, baş alyp çykmanyň ähli görnüşleriniň bozulmasy, pikirlenişiniň üzlem-saplam bolmagy hem erjel hereket göçgünligi bilen geçýär. Bu psihiatriýada seýrek duşýan ölüme getirýän agyr ýagdaýlaryň biridir. Haçan-da tapdan düşüp, ysgyn-mydardan gaçan bedeniň üstüne agyr zyýan ýetiriji ýagdaý inende, şoňa jogap hökmünde amentiw ýagdaý döreýär. Köp halatda amensiýa ýetginjeklerde we zenanlarda ýüze çykýar.

Amensiýanyň döremegine, köplenç halatda infeksiýalar sebäp bolýar. Russiýada 1917–1921-nji ýyllarda garahassalyk ýaýrap, giň gerim alanda, biçak köp adamda amensiýa döräpdir. Onuň döremegine raýatlyk urşy döwründe halkyň açlykdan we horluklardan jebir çekmegi sebäp bolupdy.

Amentiw alamatlar toplumy inçekeseliň döredijileri köpelip ýaýranda, beze keseliniň giň gerim almagynda, üç günlük gyzzyrma keselinde, gripde, guragyryda, çaga doglandan soň döreýän sepsisde, öýken sowuklamasynda, gaýtalanýan garahassalykda, howply çiş kesellerinde döreýär. Adatça, amensiýa kesel gowulaşyp başlandan soň, gyzgyn pese düşende başlanyp, infeksiýa ýiti boldugyça, şonça-da agyr, geçýär. Amentiw alamatlar toplumynyň döremegine oba hojalygynda ulanylýan zäherli himikatlardan: granozandan we geksahlorandan zäherlenmeler hem getirýär. Amentiw alamatlar toplumy kellä salnan şikesiň (trawmanyň) ýiti geçýän wagtyndaky uzaga çeken soporoz ýa-da komatoz ýagdaýlardan çykylýan döwürlerde-de döräp biler (A. G. Naku, 1967).

Amentiw alamatlar toplumynyň döremeginiň öňüsyrasynda, adatça, aň bozulmasynyň beýleki alamatlar toplumlary, ýagny delirioz ýa-da seňseleme görnüşlerindäki alamatlar toplumlarynyň bolmagy häsiýetlidir. Maniakal göçgünliginiň beterläp, ýetjek derejesine ýeten mahaly hem amensiýanyň peýda bolmagy mümkindir. Kähalatlarda psihoz howsalaly – paranoid alamatlar toplumy bilen ýüze çykyp, emosional komponentleriň agdyklyk etmeginde amensiýa aň bulaşmasyna geçýär. Belli-belli ýagdaýlarda amensiýa infeksiýadan soňky çuňňur asteniýanyň esasynda-da döreýär. Amentiw alamatlar toplumynyň ösüp ýetişmegi 2-3 günläp dowam edýär.

Näsaglarda ozalky ele alnan ähli endikler, toplanan durmuş tejribesi, şeýle-de täze düşünjeleri, endikleri ele almaga, haýsydyr bir seneleri, wakalary, atlary ýatda saklamaga bolan ukyplary ýitirilýär. Köplenç halatda näsaglar öz atlaryny hem ýatlaryna salyp bilmeýär. Kabul ediliş bölekleýin häsiýetli bolup, illýuziýalaryň we gallýusinasiýalaryň döremegi, näsaglaryň özleriniň duran ýerini we wagty nädogry kesgitlemekleri-de mümkindir. Meselem, näsaglar hassahananyň otagyny stadiondyr ýa-da wokzaldyr diýip hasaplaýarlar. Samrama ýüze çykýar, ýöne olar üzlem-saplam häsiýetli bolýar. Oýlanma gödek bozulýar. Şeýle bozulma sinteziň bozulmasynda has aýdyň ýüze çykyp, sözleýişde sözlem düzmekligiň bozulmagyna çenli baryp ýetýär. Ýagdaýy bitewüligine bahalandyryp bilmek ukyby düýpgöter ýok edilýär. Daş-töwerekdäki adamlar bilen habarlaşyp, gürleşmek ukyby bozulýar. Näsaglar tiz tapdan düşýärler, emosional ýagdaýlary hem üýtgäp durýar: birden delillendirilmedik duýdansyz gorky peýda bolýar-da, näsag göçgünli herekete gelýär, aldyrany bar ýaly bolup aýagaldygyna gaçýar, tötänlikde adamyň üstüne topulaýmagy-da ähtimal. Kähalatlarda has ýöntem, horeiki göçgünlik döräp, näsag göwresini birmeňzeş görnüşde irginsiz yralap durýar, hepdeläp, aýlap çirkin gygyrmasyny goýmaýar. Göçgünlik sebäpli näsag düýbünden uklap bilmeýär, iýmek-içmekden

hem ýüz öwürýär. Bu bolsa näsagyň biçak horlanyp, tapdan düşmegine getirip, oňa ölüm howpuny salýar.

Patofiziologik taýdan amentiw alamatlar toplumynda näsag halys gurpdan düşüp, nerw öýjükleri işjeňligini peseldýär. Agyr tapdan düşmeklik we nerw prosesleriniň, ýagny togtaýşyň we göçgünligiň özara baglanyşygynyň, deňagramlylygynyň bozulmasy ýüze çykýar. Göçgünligiň ýaýramagynda daş-töwerekde bolýan zatlary seljermek ukybynyň bolmazlygy beýniniň daşky gatlagynyň işleýşini bozup, bulam-bujar hereketlere ýüz urmagyna getirýär, assosiatiw prosesleriň bulaşyklygyny döredýär. Şertsiz reflehksleriň işi ýatyrylyp, wagtdan we ş.m. ugur tapyp baş çykarmak, goranyp bilmek, iýmit refleksleri bozulýar (S. S. Kaliner, 1967).

Amentiw-samrama alamatlar toplumy katatonik stupora-da geçip biler. L. P. Pawlowyň bellemegine görä, beýniniň daşky gatlagynyň öýjükleriniň birden güýçden gaçyp, tapdan düşmeginiň bolmaly çäginden daşary goraýjy togtaýşyny döredip, ol kliniki taýdan stuporda ýüze çykýar. Köplenç halatda amentiw simptomatikasy gowulaşandan soňra, aýry-aýry depressiw paranoidli ýa-da apatik goşulmalar bilen bilelikde uzaklaýyn dowam edýän çuňňur astenik ýagdaý saklanyp galýar. Kemakyllykdyr psihozyň uzaga çekip könelişen görnüşine geçmegi ýaly dikeldip bolmajak netijeleriň bolmagy-da ähtimaldyr. Amentiw ýagdaýy tamamlanandan soň başdan geçirilen ähli zatlaryň hakydada galdyrylmanlygy ýüze çykýar.

«Ýiti samrama» we astenik bulaşyklyk alamatlar toplumy diýlip at berlen alamatlar toplumlary amensiýanyň kiçeňräk görnüşleri bolup durýarlar. Soňky wagtlarda bedeniň kesellere garşylyk görkezme ukybynyň ýokarlanmasy netijesinde halkyň arasynda amentiw ýagdaýlaryň gysga möhletli hem ýüzleýräk geçýändigini görmek bolýar.

**Oneýroid.** Aňyň oneýroid ýa-da düýş ýaly bozulmasy töwerekdäki ýagdaýdan baş alyp çykmagyň, ugur tapmagyň ähli görnüşleriniň, şol sanda öz şahsyny tanamaklygyň uzak wagtlaýyn hem çuňňur bozulmalary bilen häsiýetlenýär. Şeýle-de, hyýaly (fantastik) mazmunly ýiti, giň möçberli görüş gallýusinasiýalarynyň hereket peselmesi arkaly utgaşykly geçmegi bilen häsiýetlenýär.

Oneýroid alamatlar toplumy şizofreniýanyň katatonik we gaýtalanýan görnüşleriniň çäklerinde, şeýle-de käbir ýokançly (infeksion) psihozlarda (guragyry, garahassalyk, çaga dogrulandan soňraky psihozlarda) döreýär.

Oneýroid başdan geçirmeleriň dowamlylygy uzaga çekýär. Ol birnäçe hepdeden köp aýlara çenli çekip bilýär. Bu alamatlar toplumy kem-kemden ösüp, ençeme tapgyrlary geçýär. Başda dürli görnüşdäki emosional bozulmalar ýüze çykýar. Ol eýforiýadan ýa-da ekstazdan başlap, howsalaly, ynjalyksyz zowzuldama hereketlerine hem-de güýçli gorka çenli baryp ýetýär. Töwerekdäkileriň adaty gürrüňlerinden özleriçe many çykaryp, özüne kakdyrylýan ýaly kabul edýärler. Gurnalan paranoid döreýär. Olar töwerekdäki ähli zatlar ýasama, özüniň öňünde kimdir

biriniň buýrugy bilen ýörite çagyrylan aktýorlar tarapyndan köp manyly sahna oýnalýar diýip pikir edýärler. Daş-töwerekdäkilerden arany açyp, ýeke galmak islegi barha artýar. Näsag «arzuwçyllyga» ýykgyn edýär, pareýdolik illýuzor görüş kabul edilişi döreýär.

Oneýroid alamatlar toplumynyň döremezinden ozal, köplenç halatda ugurtapyjylyk oneýroid diýilýän ýagdaý döreýär. Şony ilkinji bolup fransuz psihiatry Barýuk 1934-nji ýylda ýazyp beýan edipdir. Şeýle ýagdaýda hakyky zatlaryň kabul edilişine köp sanly fantastik illýuziýalar goşulyp, olaryň görnüşi özgerdilýär, ýöne näsagyň özüniň duran ýerini we wagty kesgitläp bilmek ukyby doly bozulmaýar. Dogry ugurtapyjylyk psewdogallýusinasiýalar hem samramalar bilen bilelikde geçýär. Meselem, biziň näsaglarymyzyň biri özüniň niredeligine oňat düşünip, ýöne şol bir wagtda-da, hassahananyň bölümini Müsür faraony Hefreniň köşgi, näsaglary bolsa geýnüwli köşk hyzmatkärleri hökmünde kabul edýär. Onuň hut öz göwresiniň bilinden aşagy mumifisirlenilip doňdurylan ýaly duýlup, özi-de edil häzir sarkofagdan (gadymy grek tabydyndan) çykanlygyny müýnürgemän aýdýar. Ol şol ýagdaýda habar gatyşyp gürleşmäge, düşünişmäge ukyply bolup, öz başdan geçirmelerini belli bir derejede tankydy çemeleşme, hatda az-kem wäşilik bilen beýan edýär.

Ösüp, doly ýetjek derejesine ýeten oneýroid, başgaça aýdylanda, hakyky oneýroid diýilýäni, daş-töwerekdäki ýagdaý bilen aragatnaşygyň ýitirilmesi, ugurtapyjylygyň çuňňur bozulmasy bilen häsiýetlenýär. Näsaglar özlerini dünýä boýunça ýa-da kosmiki möçberde geçirilýän biçak uly dabaraly üýşmeleňe gatnaşyjy ýa-da şonuň ýolbaşçysy ýaly duýýarlar. Olar planetalar aralygynda uçuşlar geçirýärler, uly uruşlara ýolbaşçylyk edýärler, ummanyň düýbüne çümýärler, dowzaha girip köp sanly ölüleriň gatnaşmagyndaky äpet uly ýörişleri synlaýarlar we ş.m. Daş-töwerekdäki hakyky zatlar näsaglaryň gözüne ilmeýär, şolar asla kabul hem edilmeýär. Ýöne çasly ses, meselem, bölümiň şarkyldap batly ýapylan gapysy, gallýusinator-samramany başgaça suratlandyryp, onuň ugruny üýtgedýär: şol şarkyldy näsag üçin atom bombasy partlan ýaly bolup, ol şol partlama netijesinde ýokary göterilen kömelek ýaly buludy, weýran bolan şäherleri, adamlaryň köpçülikleýin gyrlyşyny görýär. Näsaglaryň keselbentlikli başdan gesirmeleri geçen durmuş tejribesiniň galdyran dürli täsirlerinden ýa-da haçandyr bir wagtlar okalan, tötänlikde eşidilen gürrüňlerde, kinofilmlerde görlen zatlardan düzülýär. Bu ýerde geçen döwürleriň kabul edilişleriniň fabulasynyň we göwrüminiň emosional göçgünligiň agdyklyk etmesi bilen kesgitlenilýän, biziň pikirimizçe, kaleýdoskopik sintezi diýlip atlandyrylyp bolunaýjak aýratyn görnüşi döreýär. S. T. Stoýanow (1968) emosional başdan geçirmeleriň häsiýetine baglylykda oneýroid ýagdaýynyň üç görnüşe bölünmegini, ýagny ekspansiw, depressiw hem garyşyk görnüşlerini teklip etdi.

Oneýroidiň ekspansiw görnüşi ekstaza çenli baryp ýetýän ýokary affektliligi bilen häsiýetlenýär. Düýşdür arzuw ýaly başdan geçirmelerine, köplenç halatda

kosmiki möçberlerde garap, näsag hut özüni bolsa bütindünýä ähmiýetli adam hasaplaýar. Wagty duýmaklyk bozulyp, onuň geçişi has tizleşen ýaly bolýar.

Oneýroidiň depressiw görnüşinde öte tukatlyk, howsalalylyk affekti döräp, düýşe meňzeş başdan geçirmeler gamgyn, betbagtçylykly manyda bolýar, köplenç halatda ejir çekýänler näsaglaryň özleri bolup çykýar: olary her dürli usullar arkaly gynap horlaýarlar, şolar üçin wagtyň geçişi haýallap, az wagt hem ýyllara, asyrlara dönýär.

Oneýroidiň garyşyk görnüşi ýokarda beýan edilen ýagdaýyň gezekleşip geçmesi bilen häsiýetlenýär. Oneýroid alamatlar toplumynyň hökmany bölegi ýaýlymy giň hereket bozulmalary bolup, ol katatonik stupordan stereotipik göçgünlilige, paraproksiýalara we paramimiýalara çenli baryp ýetýär.

Oneýroid başdan geçirmeli stuporyň esasy aýratynlygy ýüzüň keşplendirilişiniň köp görnüşliligidir. Şeýle stuporda näsagyň ýüz keşbinde aýnylyk, nakyslyk, geňirgenmeklik, haýsydyr bir elhençlige uçrap, umydy ýitirlenlik ýa-da ekstazlyk biri-birlerini yzly-yzyna çalşyp durýar. Hereketlenmäniň togtadylyşynyň çuňlugy hem bir kaddynda durmaýar, katalepsiýaly bitewi stupor, adatça, uzaga çekmän, köplenç halatda näsaglar substupor (az-kem gymyldyly stupor) ýagdaýda bolýarlar. Hereketlenmesiniň bozulmasy, adatça, ekspansiw oneýroidde duş gelýär. Düýşe meňzeş başdan geçirmeleriň esasynda mutizm we impulsiw hereketleri etmek häsiýetlidir.

Oneýroid aň bozulmasy tamamlanandan soň, gallýusinator-samramaly ýatlamalar, üzlem-saplam bolsa-da, ýeterlik derejede jikme-jik ýatda galdyrylýar, ýöne hakykatda bolup geçen wakalar we näsagyň özüni alyp barşy ýatda saklanylmaýar. Köplenç ýagdaýda lukman näsagyň akyl-huşundaky bozulmany oneýroid ýagdaýy geçip tamamlanandan soň, näsagyň berýän gürrüňlerinden bilip galýar. Oneýroid geçip gidenden soň, çuňňur şahsy kemislikleri galdyrmaýar. Her gezekki tutgaýdan soň beterleşip, apatiko-abuliki kemisligi galdyrýan lýusid tutgaýlaryna garanyňda, şizofreniýanyň katatonik görnüşiniň geçişinde oneýroidiň bolmagy onuň oňaýly tamamlanýandygy bilen tapawutlanýar.

**Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmalary.** Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmalary birden, birnäçe sekundyň dowamynda döräp, tamamlanyşy hem edil şonuň ýaly tiz bolýar. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynyň dowamlylygy, adatça, gysga – birnäçe minutdan birnäçe sagada we birnäçe güne çekýär. Hepdeläp dowam edýän görnüşi seýrek duş gelýär. Has uzaga çekýän ýagdaýlary ýörite öwrenilmäge degişlidir. Şu alamatlar toplumynyň ýene-de bir aýratynlygy daş-töwerekdäki zatlaryň doly görnüşde kabul edilmezligidir. Näsaglar ýagdaýy tutuşlaýyn, bitewüligine bahalandyryp bilmän, onuň diňe parçalaryny, ikinji derejeli taraplaryny derňeýärler. Näsagyň hereketleri daşyndan göräýmäge dürs edilýän ýaly bolsa-da, hakykatda olaryň özlerini alyp baryşlary maksada laýyk ugrukdyrylmadyk, manysyz bolýar.

Megerem, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynyň çuňlugy bilen dowamlylygynyň arasynda belli bir özara baglanyşyk bardyr: onuň dowamlylygy uzak boldugyça, çuňlugy pes bolýar. Adatça, habarlaşmak, gep-söz alyşmak ukyby bozulýar. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynyň çuňlugynyň ýüzleýräk görnüşinde öz-özünden döreýän, belli bir adama gönükdirilmedik sözleýşiň, hatda ýüzleýräk habar alyşmanyň döreýän halatlary hem bolýar.

Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy, köplenç halatda garaguşagyrynyň sudorogaly tutgaýynyň ekwiwalenti (deregini tutýany) hökmünde beýni damarlarynyň aterosklerozynda, patologik serhoşlykda, kelleçanagyň içinde göwrümli prosesler (çişler) dörände duş gelýär. Şuňa dürs uka degişli bolmadyk «somnambulizm» (ukuda gezmekligiň) käbirleri girýär. Dürs ukudaky adamy oýaryp bolýar, emma aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulma ýagdaýyndakyny töwerekdäkileriň islegi bilen «oýarmak» mümkinçiligi bolmaýar.

Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy bozulmasy psihogen täsirden hem döräp biler. Meselem, patologik affektde ýa-da «korotkogo zamykaniýa» atlandyrylýan reaksiýada duşýar. Reaktiw psihozyň özboluşly psihogen görnüşi aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynyň kakyn (isteriki) görnüşi döräp, şol hem katatim mazmunly, ýagny näsagyň isleýşi ýaly ýagdaýly görüş hem eşidiş gallýusinasiýalaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Türme şertlerinde aňyň alagaraňkylykdaky ýaly isterik bozulmasy birnäçe özboluşly häsiýete eýe bolup, psewdodemensiýanyň Ganzeriň alamatlar toplumy – sowala sowa jogap bermeklik ýa-da özüňi pueril (çaga ýaly) alyp barmaklyk bilen utgaşýar. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly isterik bozulmasynyň dowamlylygy organiklere garanyňda uzagrak, şeýle-de psihotrawmany ýetirýän ýagdaý bilen içgin baglanyşykly bolýar. Ol ýagdaý gowulanandan soň, aň bozulmasy hem aýrylýar, emma ol saklanyp galanda kähalatlarda gysga möhletli sagalyş ýüze çykyp, soňra şol ýagdaý häli-şindi gaýtalanyp durýar.

Şu ýerde, aňyň alternirleýji bozulma alamatlar toplumy diýilýän alamatlar toplumy barada hem belläp geçmek zerurdyr. Bular ýaly ýagdaýlar juda seýrek duşup, diňe köne awtorlaryň beýannamalarynda gabat gelýär. Ýazylyp beýan edilen şol ýagdaýlarda adam gezekli-gezegine iki keşpli şahsda ýaly bolýar: häli-şindi gaýtalanyp durýan aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynda näsagyň şahsy öňküsine düýbünden meňzeş bolmadyk, hatda şoňa asla ters gelýän täze keşbi alýar.

Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynda näsaglar samrama ýolukmaýarlar, ýöne kähalatda, şolarda samrama başdan geçirmeleriniň, aýry-aýry kabul edişleriň samramaly teswirlenmesiniň bolmagy ähtimal. Bu ýagdaý olary daşyndan göräýmäge delillendirilmedik edim-gylymlara ýüz urmaklyga getirýär. Garaguşagyry ekwiwalentlerinde döreýän seýrek bolmadyk gallýusinasiýalar gorkuzyjy häsiýete eýe bolýar: näsaglar güwläp ýanyp duran jaýlary, gana bulaşyp ýatan ölüleri görüp, tüssäniň ysyny alýarlar, kömege çagyrýan zaryn sesleri eşidýärler. Gallýusinasiýalara şol mazmundaky illýuzor kabul edilişler hem mah-

11. Sargyt №3273.

susdyr. Näsaglaryň özlerini alyp baryşlary şol başdan geçirmelere laýyk gelýär. Gallýusinasiýalaryň mazmuny köp halatda emosional bozulmalar arkaly kesgitlenilýär. Ekstatik, ruhubelentlikli eýforik emosiýalara, dürli görnüşli, köplenç halatda dini häsiýetli «görüşler» degişli bolsa, howsala, gorky delirioz ýagdaýyndaky gallýusinasiýalaryňka meňzeş bolýar. Tejribede «delirioz garaňkylyk alamatlar toplumy» diýilýän adalga ulanylyp, şol hem boşlukda ugur tapyjylyk bilen baş alyp çykmanyň ähli görnüşleriniň bozulmasy, psihozyň agyr ýagdaýda başlanmagy we tamamlanmagy, şol bir wagtda-da näsagyň özüni alyp barşyny kesgitleýän köp sanly gallýusinasiýalaryň bolmagy bilen häsiýetlenýär.

Adatça, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynda näsag özüni alyp barşyny hakydasyndan çykarýan hem bolsa, ýöne şol bozulma döwründe näsaglar jenaýat işini edip bilen bolsalar, onda bolup geçen zatlary ýatlabilmesini dikeltmegiň ähmiýeti uludyr. Ozal bellenilip geçilişi ýaly, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly isterik bozulmasynda amneziýa saýlawly häsiýete eýe bolup, aýry-aýry ýakymsyz öwüşginli emosiýaly başdan geçirmeleri öz içine alýar. Şeýle näsaglaryň ýatdan çykaran zatlarynyň yzygiderliligini gipnoz ukusyna ýatyrmak arkaly dikeldip bolar, ýöne şu ýerde gapdallaýyn goşmaça ynandyrmanyň täsirinden ägä bolmaly, çünki şonda berilýän soraglaryň üsti bilen hakyky zatlaryň suratlandyrylyşynyň ýoýulmagyna getiriläýmegi-de ähtimaldyr.

Organiki sebäplere görä dörän aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmalaryndaky amala aşyrylan hereketleri adaty ýagdaýda gaýtadan dikeldip bolmaýar, ýöne kähalatlarda näsaglar disforik ýagdaýly döwürde aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynyň belli bir derejede başlangyjy hökmündäki ýagdaýy gowy ýatlaýarlar.

## 16-njy bap. Psihopatiýalar we olaryň esasy görnüşleri

Psihopatiýa köp görnüşli, çylşyrymly hem beýan ederden kyn düşýän zatdyr. Psihiatriýadaky şahsyň kesel bilen bolan baglanyşygy köp görnüşli hem dialektikidir. Bir tarapdan ruhy keseller, aýratyn hem olaryň beterleýän görnüşleri, belli bir derejede şahsyň gurluşyny özgerdýär, deformirleýär, hatda zeperleýän wagtlary hem bolýar. Beýleki bir tarapdan bolsa, keseliň ýüze çykmagynda şahsyň aýry-aýry alamatlary we gurluşy bitewiligine şöhlelendirilýär. Şonuň netijesinde aýry-aýrylykda alnan her bir näsagyň psihopatologik alamatlary özboluşly şahsy öwüşginleri alýar. Şahsyň bozulmalary şahs gurluşynyň deformasiýasynyň ýa-da destruksiýasynyň netijesi hem bolup biler.

**Deformasiýa** – şahsyň ösüş prosesinde onuň düzüm elementleriniň disproporsional gatnaşygy, şahsyň näsazlanýanlygydyr. Şeýlelikde, şahsyň deformasiýasy

onuň nädogry kemala gelmeginiň netijesidir. Şol hem psihopatik ýagdaýlaryň döremegine getirýär.

**Destruksiýa** – keseliň başlan pursadyndan döräp, şahsyň düzüm bitewiligine ýa-da şonuň aýry-aýry komponentlerine zeperleýji täsir edýän patologik prosesdir. Destruksiýa ýüze çykyşy hem düzüm boýunça şahsyň dürli görnüşli kemisligine getirýän ýagdaýdyr.

**Psihopatik ýagdaýlar** – umumy näsazlyk bolup, şahsyň durmuş taýdan uýgunlaşmasyny bozmakdan ybarat bolan patologiýanyň görnüşidir. Bular psihopatiýalarda, patoharakterologik (gylyk-häsiýetiň keselbentli ösüşinde) ösüşlerde we psihopatizasiýalarda duş gelýär. Psihopatiýalar (hakykylary, özenlileri, genuinleri, idiopatikleri) – bu döreýşinde we ösüşinde konstitusional täsirleriň uly orny eýeleýän gylyk-häsiýetleriň ýoýulmasydyr. Patoharakterologik ösüş bu mikrosossredanyň (terbiýe berliş, psihogeniýalar, sosiogeniýalar) amatsyz şertleriniň täsir edişi bilen şahsyň hususy aýratynlyklarynyň, onuň ähmiýet berýän zatlarynyň utgaşmagy esasynda döreýän psihopatik ýagdaýdyr.

**Psihopatizasiýa** – beýniniň organiki ýa-da käbir uzaga çekip köneleşen somatiki keselleriň oňaýsyz geçmeginde döreýän psihopatik ýagdaýdyr.

Psihopatik ýagdaýlaryň esasy kliniki görkezijilerini P. B. Gannuşkin ýazyp beýan edipdi, O. W. Kerbikow bolsa şondaky şahsyň patologik häsiýetleriniň özgerişiniň adamyň durmuş taýdan uýgunlaşyşynyň bozulma derejesine ýetirilýän görnüşde tutuşlaýynlygyny hem-de belli bir derejede durnuklydygyny kesgitläpdir.

Psihopatiýany şahsyň aksentuasiýasyndan tapawutlandyrmak wajypdyr (K. Leongard). Aksentuasiýa adamyň haýsydyr bir häsiýetiniň az-kem adaty ýagdaýdan tapawutlanmasydyr. Bu kähalatlarda şahsyň ukyplarynyň ösmegine (durmuşy taýdan peýdaly üstünlikleri gazanmagyna) ýa-da şahsda dürli görnüşdäki patologiýalaryň, ýagny gysga möhletli we uzaga çekýän göçme psihogen ýagdaýlaryň, patoharakterologik ösüşleriň döremegine getirip biler. Psihopatiýanyň aksentuasiýadan tapawudy deňeşdirme-kesgitleniş görkezijileriniň biri, gündelik durmuşa uýgunlaşma ukybynyň juda kynlaşýanlygydyr. Durmuşa uýgunlaşma ukyby kynlaşan adamda – psihopatda adatdan daşary ýiti hereket (ýagdaý) psihogeniýanyň täsiri ýetirilenden soň döreýär, psihopatiki reaksiýa psihogeniýalaryň islendik görnüşinden döräp bilýär.

Özüniň kliniki düzümine görä, psihopatik ýagdaýlar alamatlar toplumly häsiýete eýedir. Şolaryň toparlara bölünişi geçirilende diňe bir şoňa mahsus bolan diliň alamatlary peýdalanylman, eýsem, şahsyň psihologik adalgalaram ulanylýar. Bu ýerde şahsyň patologiýasy, köplenç halatda psihopatologik dilde beýan edilýän haýsydyr bir keselbentlikli alamatlaryň peýda bolmagy bilen häsiýetlendirilmän, sagat adamlara häsiýetli bolan aýry-aýry gylyklaryň öte ýitileşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şonda öte ýitileşen gylyk-häsiýetler aýdyň ýüze çykýar we şahsy deformirläp onuň näsazlaşmagyna, durmuşa uýgunlaşyp bilmezligine getirýär. Meselem, egosentrizm (öz-özüňi söýmek) gylyk-häsiýetiň alamaty. Şony adaty ýagdaýda-da,

psihopatik ýagdaýlarda-da, esasan hem isterik (kakyn) görnüşinde görmek bolýar. Soňkusyndan tapawutlandyryjy häsiýet – egosentrizmiň häsiýetiň merkezi, esasy özeni alamatyna öwrülip, şonuň başga görnüşdäki ýüze çykmalaryna düýpli täsir edip, şeýle bir çişirilip görkezilýär welin, onuň özi şahsyň jemgyýetde uýgunlaşyp bilmezligine getirýär. Alamatyň ýüze çykyşynyň şeýle derejesi şunuň ýaly halatlarda onuň özüniň alamat hökmünde görkezilmegine getirýär.

O. B. Kerbikow psihopatiýalary iki görnüşe bölýär. Birinji, ýader – bu görnüşleriň özeninde kelle beýniniň organiki özgermeleri ýatýar. Psihopatiýanyň ikinji görnüşi aňryçäklik diýip atlandyrylyp, munuň esasy sebäbi turuwbaşdan berlen ters terbiýedir.

K. Leongard we A. Ýe. Liçko hem psihopatiýalary iki topara bölýärler. Bu toparlaryň birinjisine intrawertler, ýagny astenikler, psihoastenikler, gipotimikler, şizoidler, ikinjisine, ekstrawertler – isteroidler, epileptoidler, eksploziwler, paranoýallar degişlidir.

**Astenik görnüşi.** Astenik psihopatiýa gowşaklyk, lellimlik, tiz ýadaganlyk, gurpdan düşmeklik bilen häsiýetlenýär. Olar biçak ynjyk, duýgur bolýar. Olar çasly sesleri, yssy howany, sowugy, agyryny agyr geçirýär, ýagny şolara biçak çydamsyz bolýar. Durmuşda diňe bir gödeklik, zalymlyk olaryň degnasyna degmän, güýçli tolgunmalardyr gorkular hem olara agyr täsir edýär. Hatda, känbir uzaga çekmeýän dartgynlyklar hem olary ýadadyp gurpdan gaçyrýar. Aýratyn-da ünsüniň okgunlylygy, işe ukyplylygy tiz gurpdan düşürilýär. Şonuň üçin hem olar tiz-tizden dynjyny almaga mejbur bolýar. Şeýle adamlar ýygra, ruhdan düşüp ejizlegen, ýaýdanagan, aýgytsyz, gam-gussa, tukatlyga aňsat batagan, özüni ýitiregen bolýarlar. Öz kemçiligine düşünip, olar märekeden, çäreler geçirilýän ýerlere barmakdan gaça durýar, çünki täze ýagdaýlarda olaryň ýygralygy artyp, özlerini ýitirýär. Olaryň şeýle aýratynlyklary heniz olar çagaka bildirip, ýüze çykyp başlaýar. Şeýle çagalar özlerini ses-sedasyz ýuwaş alyp baryp, köpçülikden çete saýlanýar, şol sebäpli-de olar sport ýaryşlaryny we beýleki köpçülikleýin çäreleri halamaýar. Ukyplarynyň gowulygyna garamazdan, olaryň mekdepde okaýşy ýaramaz bolýar. Olary şeýle ýagdaýa tiz ýadaganlyk, ünssüzlik, ynjyklyk, hamsygyp durmak ýaly häsiýetler getirýär. Şolaryň reaksiýa berşi interwertirlenen, rigid häsiýetli bolýar. Şol häsiýetler ipohondriklik, güýçli täsir alaganlyk, ýygralyk, ýaýdanaganlyk, ýokuş göregenlik, eglişige gidegenlik ýaly häsiýetler bilen içgin baglanyşykly bolýar. Olar gürleşäýjek adamlaryny seresaplylyk bilen saýlap-seçip alýarlar, çünki olar täze şertlere we kollektiwe kynlyk bilen öwrenişýär. Tapdan düşmesiniň tizligi, lellimden gowşaklygy, deň-duşlary bilen oňly söhbetdeş bolup bilmezligi durmuş taýdan okgunlylygyny hem uýgunlaşyşyny peseldýär. Şonuň üçin hem olaryň jemgyýetdäki orny çäklendirilen, ujypsyz derejede bolýar.

**Psihoastenik görnüşi.** Psihoastenik görnüşiniň ýüze çykyşynyň esasysy şahsyň astenik spektrindäki aýratynlyklaryň utgaşmagynda we ýaýdanjaňlyk, müňkürlik

(howsalaly-müňkür häsiýet), seljermä we öz-özüni seljermeklige (refleksiýa) ýykgyn etmek häsiýetleriniň, şeýle-de irizegenligiň emele getirilmegi bilen ýüze çykýar. Olar bolşuna görä inçe duýguly, emosional göçgünli, reaktiw, howsalaçyl bolýarlar. Şolardaky rigidlilik, intrawertlilik olaryň hakyky durmuşdan arasyny açýar. Öte geçýän pikirlenme hem şolarda agdyklyk edýär. Özüni öte söýmekligi özünde bir kemçiligiň bardygyny duýmagy bilen, öte ýokuş göregenlik we emosiýalarynyň ýüze çykarylyşyndaky tutuklyk bolsa, uzak hem ýokary duýgularyň bolmagy bilen utgaşýar. Olar ebeteýsiz, utanjaňlyklary zerarly gürlemezek bolýarlar we gülkünç ýagdaýa düşäýmekden howatyrlanyp çekinýärler. Olara tertiplilik, päkizelik we jogapkärçiligi öte duýmaklyk häsiýetli bolup, şol hem olarda täzelige bolan gorkyny döredýär. Özlerine bolan ynamsyzlyklary olarda her hili yrym-ýorumlaryň, aýratyn nyşanlaryň, däp-dessurlaryň peýda bolmagyna şert döredýär. Hereketlenmäniň delillerini saýlap almaga, belli bir karara gelmäge we ony durmuşa geçirmäge päsgel berýän ýaýdanjaňlygy, müňkürligi, ynanmazçylygy sebäpli ugrukdyrylmanyň komponentleriniň berjaý edilmesi olarda kynlyk bilen amala aşyrylýar. Şeyle adamlaryň ýerine ýetirijiligi çäklendirilen bolup, toparyň tabşyrygynyň hötdesinden gelip bilmen diýen gorka düşüp, jogapkärçilikden, şonuň getiräýjek ýakymsyz netijelerinden, töwerekdäkileriň ýaňsa alyp gülmeklerinden çekinýärler. Zerur bolan pursatlarda keşbini çakgan hem tiz çalşyrýarlar, özlerini ýitirýärler. Adamlar bilen gürleşende «nikap geýmäni» (bolşuny üýtgetmäni) başarmaýarlar.

**Gipotimik görnüşi.** Bular ruhdan düşen, keýpleri gaçgyn, görnetin melanholikler bolup, şeýle alamatlar bilen tapawutlanýarlar: hetdenaşa duýgurlyk we depressiw emosional reaksiýalary bolan emosional göçgünlilik, reaktiwliginiň we okgunlylygynyň has pese düşmegi, reaksiýalarynyň haýallamagy, rigidliligiň we intrawersiýanyň agdyklyk etmegi. Häsiýetinde öňi bilen sustupes gamgynlyk, hyýrsyzlyk, tutuklyk ýüze çykýar. Olar özlerini pes bahalandyrmaga, öz-özlerini näletläp, etmişlerine ökünmäge ýykgyn edýärler, ipohondrik (kesellisiremek) we ýaýdanjaň bolýarlar. Olar hemişe işlerinden nägile bolup, zähmete höwessiz bolýarlar, tiz ýadaýarlar, aýratyn hem irden turaýan batlaryna endam-janlarynda agyry-ynjylary, gowuşgynsyzlygy duýýarlar. Olar özlerini daş-töwerekdäkiler äsgermezçilik bilen garaýarlar hasap edip, adamlardan daşda saklanýarlar, gürlemezek dymma bolup, çete çekilýärler. Ýokarda görkezilen şahsy alamatlaryň barlygyna garamazdan, olar çyny bilen başgalaryň derdine gynanmaga, duýgudaşlyk bildirmäge ukyplydyrlar, ýukaýürek, rehimli we mylakatlydyrlar. Olaryň mümkinçilikleri biçak çäklendirilen bolup, kynlyk bilen amala aşyrylýar, zerur ýerinde hem «nikapdan» peýdalanmany başarmaýarlar.

**Şizoid görnüşi.** Bular patologik dymma ýekemenlerdir, çünki olaryň adamlar bilen gürleşmäge, derdinişmäge bolan isleg-talaplary pes, emosional seslenmeleri bolsa ýeterlik däldir. Temperamenti ýokary sensitiwlik, aram reaksiýa berijilik, pes emosional göçgünlik, rigidlilik, görnetin intrawertirlenenlik bilen häsiýetlenip ýüze

çykýar. Olaryň gylyk-häsiýetlerinde dymmalyk, ýekemenlik, adamlardan gaça durmak, kalby sowuklyk, doňýüreklik ýaly häsiýetler uly orun tutup, olarda kimdir birine duýgudaşlyk bildirmek, ýakyn durmak, ysnyşmak diýen ýaly zatlar bolmaýar. Pikir ýöredişi hakyky durmuşdan üzňe, formallaşdyrylan, sadalaşdyrylan bolýar. Şolaryň käbirleri bolar-bolgusyz gep otarmaga, netijesiz akyllysyramaga ýykgyn edýär. Şol bir wagtda-da olaryň içki başdan geçirmeleri ýeterlik derejede baý hem dürli görnüşli bolup, ýöne olar şony töwerekdäkilere aýan etmeýärler, asla şoňa islegleri hem bolmaýar. Ugrukdyrylyşlary şahsyň gurluşynyň içki esasyny şöhlelendirýän hereketleriniň delillendirilişi bilen baglanyşykly bolan ugur alýan gymmatlyklarynyň, ýagny kabinet işiniň, abstrakt işleriň (matematika we ş.m.) çäklerinden çykmaýar. Şeýle adamlar belli bir üstünlikleri hem gazanyp bilýär. Olar adamlar bilen gürleşip habarlaşmaklygyň formallaşdyrylan we nikap ulanmak bilen baglanyşykly bolan, formal toparlarynda aňsat uýgunlaşyp bilýärler. Keşpleri ele almak olara öte kynlyk bilen başardyp, şolaryň toplumy biçak azaldylan bolýar. Ele alan keşplerini birmeňzeş görnüşde hem haýal-ýagallykly ulanýarlar.

**Gipertimik görnüşi.** Bularyň hemişe keýpleri göçgünli bolup, dokuzy dolulygy duýýarlar. Sangwinik temperamentli bolup, pes sensitiwligi, ýokary reaktiwligi we okgunlylygy, reaksiýalarynyň badynyň tizligi, emosional göçgünliginiň ýokarylygy we çeýelegi, görnetin ekstrawertirlenenligi bilen tapawutlanýarlar. Bu şahslar galjaň bolup, täzeliklere tiz öwrenişýärler hem seslenýärler, hoşniýetli, rehimli bolup, emläginiň baryny paýlamak derejede eli açyk bolýarlar. Adamlar bilen aňsat tanşyp, olaryň ugruny tapmany başaryp, köp gürlegen, edepsiz bolýarlar. Olar özlerine ýokary baha bermeklik, özüni üýtgeşik adam saýyp öwünmeklik häsiýetli bolýar. Öz borçlaryna garaýyşlary we zähmete çemeleşişleri biçak höwesli bolýar. Ýöne takat edip bir ýerde arkaýyn oturyp bilmeýärler, özlerini jogapkärçiliksiz, bitertip hem kakabaş, sowuk-sala alyp barýarlar. Olar ýiti zehinli, gepe çeper bolýar. Töweregindäkileriň üstünden gülmek häsiýetleri bolýar, ýöne özleriniň tankyt edilmegine, garşysyna gidilmegine welin, çydamsyz bolýarlar. Delillendiriş sferasy baý, gyzyklanmalary tiz döregen, galjaňdan okgunly, ýöne durnuksyz bolýar. Şol hem olaryň durmuş taýdan işjeňligini hem önjeýliligini peseldýär. Şeýle adamlaryň durmuş ýoly gowy ugrukman, egrem-bugram bolýar. Olar ýeňilkelle, göterim, ahlak taýdan durnuksyz bolup, etmesiz işlere-de baş goşýarlar. Şolaryň maşgalasy, adatça, durnuksyz bolup, beren sözlerinde tapylmaýarlar. Durmuşy keşpleriniň toplumy giň, biçak köp görnüşli bolup, ýöne olaryň amala aşyrylyşy juda ýüzleýligi, durnuksyzlygy bilen tapawutlanýar. Keşbini ýygy-ýygydan çalşyp durmak hem şolara häsiýetli bolýar. Şeýle adamlar nikapdan seýrek peýdalanýarlar.

**Kakyn (isterik) görnüşi.** Olar psihikasy pesräk, emosiýalary üýtgäp durýan, durnuksyz, egoistik häsiýetli egosentriklerdir. Temperamentleri inçe duýguly, işjeň, ýöne durnuksyz bolýar. Reaksiyalarynyň bady tizleşdirilen, ýokary emosional göçgünli bolup, affektiw reaksiýalary dürli öwüşginlidir. Olar biçak çeýe, görnetin

ekstrawertirlenendir. Gylyk-häsiýetleri gapma-garşylykly, şolaryň ýüze çykarylyşy ýagdaýa görä şertlenendir. Psihologik taýdan olar göçme, oýlanylyş affekti yzygidersiz bolýar. Häzirki pursatda bolup geçýän emosiýalaryna tabyn, pikir ýöredişleri hem netije çykaryşlary durnuksyz hem yüzleý, köp halatda toslama, ynanjaňlygy ýokary bolýar. Olar öz-özlerini biçak söýegen, ýekemen, mähir-muhabbetsiz doňýürek, ulumsy, ynjyk, keçjal, gödek häsiýetlidir. Olardaky egosentrizm (öz diýenini gögertmek) häsiýetini islendik serişde arkaly köpçüligiň ünsüni özüne çekmäge ýykgyn edýänliginden görmek bolýar. Şunuň bilen baglylykda olar öwünjeň, juda ýalançy bolup, psewdologiya, toslama erteki otarmalara çenli baryp ýetýär. Olar agyzlaryndan ak köpük saçyp, çeperçilik taýdan ussatlyk bilen owadanlap, gelişdirip aýdýan şeýle «hakyky» toslamalarynyň çynlygyna töwerekdäkileri ynandyrýarlar we oňa soň-soň özleri hem ynanýarlar. Şol toslama erteki otarmalarda esasy çykyş edýän gahryman näsagyň hut özi bolýar. Olar adaty bolmadyk üýtgeşik, biçak sypaýy geýnüwli bolup, ýöne şoňa laýyk gelmeýän, özüni nämedir bir günäkärlikde aýyplamak, öz synasyna şikes ýetirmek, ahlak düzgün-tertipleriň edähede girizilen çäklerinden çykmak we kanuny bozmak ýaly ýaramaz hereketleri edýärler.

Emosiýalaryň durnuksyzlygy keýpiniň, gyzyklanmalarynyň, höwesleriniň üýtgäp durmagy bilen ýüze çykýar. Häsiýetiniň ugrukdyrylyşynda durnuksyzlyk we ýagdaýa baglylyk häsiýetli bolýar. Esasy ugur alýan gymmatlyklary egoistik-egosentrik isleglerini kanagatlandyrmak bolup durýar. Şol sebäpli-de, onuň özüni alyp barşy infantil-gedonik, utilitar-egonsentrik ýa-da ýalan altruistik häsiýetli bolýar. Duýgulary, ysnyşmaklygy, gyzyklanmalary tiz oýanýan hem güýçli, ýöne gysga möhletleýin geçip, tizden hem öçegen – «duýgularyň saman alawy» bolýar. Olar jogapkärçiligi duýmaýarlar we edepsiz bolýarlar. Durmuşy keşpleri amala aşyrmasy biçak çylşyrymlaşdyrylan bolup, köplenç halatda «nikap geýilme» bilen çalşyrylýar. Bu hamala diýersiň, töwerekdäkiler üçin şol zatlar hakykat ýaly bolup görünýärmişin.

**Garaguşagyryňka meňzeş (epileptoid) görnüşi.** Psihopatik ýagdaýyň bu görnüşine garaguşagyryda wagtyň geçmegi bilen duşýan şahs özgermelere meňzeş alamatlaryň bolanlygy üçin *epileptoid psihopatiýa* diýlip at berilýär.

Munuň göçgünli görnüşine (haýal-ýagallyk, gowşaklyk) we öte geçýän gyzmalyk, ýaranjaňlyk, öçli ar alyjylyk, kitüwlilik, mylaýym şelaýynlyk hem gödeklik ýaly sypatlar häsiýetli bolýar. Olara holerik (uçursyz güýçli) temperamentlilik mahsusdyr. Olarda pes sensitiwlik, ýokary hyjuwlylyk-okgunlylyk we görnetin reaktiwlik, batlandyrylan reaksiýa, özüne erk edibilmezlik derejesine ýetip, gahar-gazaba ýugrulan ýokary emosional göçgünlilik, öçlülik, ekstrawertirlenenlik, ulaldylan rigidlilik häsiýetli bolýar. Şeýle hem olara aşa özüni söýmek, mähirsizlik, kesirlik, gaharjaňlyk, ownukçyl talap edijilikli igençler, yrsaramak, bolgusyz hem ýaramaz zatlaryň üstünde dawa-jenjel turuzmak ýaly häsiýetler mahsusdyr. Şeýle

adamlar özlerini hondanbärsi saýýan ulumsy, zalym, gödek, ynanmazak, müňkür, küýli, özlerine hiç-hili tankydy göz bilen garamaýan, ada kowalaşýan şöhratparaz hem ýokuşgöregen, ynjyk bolýarlar. Olar özleriniň şöhratparazlygyna laýyk gelýän egosentrik maksatlaryna ýetmek üçin görlüp-eşidilmedik erjellik, tutanýerlilik, jepakeşlik görkezýärler. Şolaryň yhlasly hereketleri egoistik isleg-arzuwlaryna ýetmegiň çäklerinden çykmaýar. Olar özlerini diýseň tertip-düzgünli alyp baryp, işlerine jür, pedantlyga baryp ýetyän ykjam-tertipli, tygşytly husyt, ownukçyl bolýarlar. Ar alyjylygy, zalymlygy, müňkürligi, dawaçyllygy bilen tapawutlanyp, olar öz garamagyndaky işgärleriň, ýakynlarynyň birsyhly degnasyna degip, mertebesini peseldýärler. Şol bir wagtda-da, özünden wezipesi sähel ýokary bolan adamlaryň öňünde ýaranjaňlyk bilen iki bükülip, tagzym edip durýarlar. Olar durmuşy gatnaşyklara ters gelýän hereketlere ýykgyn edegen bolýar. Olarda ugrukdyrylmak çäkli bolup, ol delillendirişiň az sany bilen kesgitlenilýär. Gymmatlyklara garaýşy, adatça, egoistik talaplarynyň çäginde bolýar. Egoistik talaplaryny ýerine ýetirmekde olar maksada okgunlylyk, erjellik, durnuklylyk görkezýär. Keşpleriň we nikaplaryň toplumy çäkli bolup, şolaryň ýüregedüşgünç birmeňzeşligi, ýasamalygy daşyndan synlanyňda-da äşgär görnüp durýar.

**Göçgünli görnüşi.** Näsaglaryň ýokary göçgünligi, gahar-gazap reaksiýalaryna hemişe taýýarlygy bilen ýüze çykýar. Näsaglarda daşky täsir edijilere ýokary duýgurlyk, ýokary emosional göçgünlik we şol bir wagtda ýiti göçgünli (affektiw) reaksiýa bolýar. Olaryň sähelçe zada gahary gelýär, gygyryp başlaýarlar, daş-töweregindäkileriň göwnüne degýärler. Olarda güýçli wegetatiw reaksiýalar ýüze çykýar. Näsag diňe bir göçgünli bolman, gygyrman, daş-töweregindäkileriň göwnüne degmän, eýsem, ol el galdyryp, urup, has agyr jenaýaty hem edip biler. Hut şular ýaly göçgünlik üçin olary eksploziw göçgünli psihopatlar diýip atlandyrýarlar.

Käbir ýagdaýlarda olar öz göz öňünde tutan zatlaryny, isleglerini şol wagt amal edip bilmedik wagtynda, olaryň ýokary göçgünli ýagdaýlarynda disforiýa ýagdaýy, ýagny öz ellerini, döşüni dilmäge meýilli ýagdaýlar ýüze çykýar. Käwagt şular ýaly ýagdaýlar öz janyna kast etmäge çenli baryp ýetýär. Ýokary göçgünlilik we özlerine erk edip bilmezligi sebäpli, näsaglar hemişe dawa-jenjelleri döredýärler, gazaply hereketleri edýärler. Şular ýaly dawa-jenjellerde we gazaply hereketlerinde näsaglara özlerini däl-de, daş-töweregindäki adamlary günäkärlemek häsiýetlidir. Şular ýaly adamlar spirtli içgileri içmäge, neşe serişdelerini ulanmaga meýilli bolýarlar. Şeýle näsaglar spirtli içgileri ulananlarynda, olaryň göçgünliligi has hem ýokarlanýar.

**Paranoýal görnüşi.** Keseliň şu görnüşini häsiýetlendirýän esasy alamat, bu olarda ýokary ähmiýetli ideýalaryň peýda bolmagydyr. Güýçli emosiýanyň täsir etmeginde haýsydyr bir pikir ýa-da pikirleriň toplumy beýleki psihiki mazmunly pikirleriň üstünden agalyk edip başlaýar. Olaryň temperamenti aram sensitiwlik, örän ýokary reaktiwlik we hyjuwlylyk, az-kem güýçlenen reaksiýa, şahsy ähmiýetli, katatim başdan geçirmelerde affektiň jemlenilmegine ýykgyn edýän ýokary göçgünli

emosiýalar bilen ýüze çykarylýar. Olara rigidlik we ekstrawertirlenenlik häsiýetlidir. Şeýle hem olara çeni-çaky bolmadyk tekepbirlik, keselbentlikli ýitileşen özüni söýmeklik, müňkürlik, gözýetiminiň darlygy bilen, kähalatlarda bolsa aňynyň çäkliligi, kütekligi bilen utgaşýan kesirlik ýaly häsiýetler mahsusdyr. Olar özlerine öte ýokary baha bermäge, şahsy zähmetiniň önjeýliligini, netijeliligini çişirmäge, mertebesini kiçeldip göwnüne degýän, bähbitlerine zeper ýetirýän zatlary bolsa ýok etmäge döwtalap bolýarlar. Olara egoizm hem häsiýetli bolýar. Oýlanyp pikir ýöredişleri ýüzleý, çig-çarsy, tankydy garaýyşsyz bolýar. Olar özlerine garşy gidilmegini, aýdanyna ýok diýilmegini düýbünden götermeýärler, özlerine biperwaýlyk edýänleriň, özi bilen razylaşmaýanlaryň günäsini geçmeýärler. Başgaça pikir edýänleri ýa samsyk ýa-da özüniň ganym duşmany hasaplaýarlar. Olar oňşuksyz bolup, öz ideýalary bilen razylaşmaýanlara ýa-da şoňa garşy çykýanlar bilen dawa turuzmakdan, hatda haýbat atyp uruşmakdan hem gaýtmaýarlar. Içleri kitüwli, kine saklagan bolup, ýeri gelende ar alyjy häsiýetde bolýarlar. Göwne degilmelere, kä halatlarda bolsa hiç hili göwne degilme bolman, ýöne şolaryň çak edilýänlerine hem zalymlyk bilen jogap gaýtarýarlar. Öz ýanlaryndan özlerini hukuklary çäklendirilip kemsidilen hasaplap, onuň garşysyna göreşmekde ugurtapyjy, özüne tarapdar tapmaga ökde, özüniňkiniň dogrudygyny ynandyrmaga ukyply bolýarlar. Maksatlaryna ýetäýseler dagy öwnüp, bir aýdanlaryny gaýtalap ýürege düşýärler. Ylalaşmazak tutanýerliligi sebäpli, kä halatlarda özlerine zyýan salýan ýerleri hem bolýar. Köplenç halatda ýagdaýa, mümkinçilige seretmezden, daş-töweregindäkilere aşa talapkär bolýarlar. Öte gönümel hakykatçyl, gödek, müňkür, şöhratparaz bolýarlar. Şahsyň ugrukdyrylyş sferasy biçak dar bolup, köplenç halatda ýokary ähmiýetli ideýalaryň mazmuny bilen baglanyşykly şahsy bähbitleri aramaklyga gönükdirilýär. Durmuş taýdan ähmiýetine garamazdan, şulardan başga zatlar olary düýbünden gyzyklandyrmaýar. Ýokary ähmiýetli ideýalaryny durmuşa geçirmekde bolsa, ýokary erjellik, maksada okgunlylyk, tutanýerlilik görkezýärler. Keşpleri saklamasynyň sany azaldylyp, ugrukdyrylan spektriniň çäklerinden çykmaýar. Özleriniň ylalaşmazak tutanýerliligi sebäpli, nikaplardan gaty seýrek peýdalanýarlar.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlar psihopatiýalarda, patoharakterologik ösüşde we psihopatizasiýalarda duş gelýär.

## 17-nji bap. Çagalarda psihopatologik alamatlaryň aýratynlyklary

***Çaga autizminiň alamatlar toplumy*** (Kanneriň irki çaga autizmi) psihofizik dizontogeneziň bir görnüşi (asinhroniýa) bolup, psihiki ösüşiň disgormonikligi bilen ýüze çykyp, psihiki funksiýalaryň häsiýetleriniň biriniň tiz ösüp, beýlekileriniň

ösüşden yza galmagy bilen häsiýetlenýär. Çaga autizmi juda ir başlanyp, ýaňy doglan çaganyň psihikasynyň disproporsional ýoýluşda ösmegi köp halatda durmuşy persepsiýa (hyýala getirilişde kabul etme) derejesinde adamlar bilen özüňi ysnyşykly alyp barma ukyplaryň bozulmasy we psihikanyň ösüşiniň özboluşly haýalladylmasy bilen häsiýetlenýär. Şeýle bozulmalar gyzjagazlara garanyňda oglanjyklarda 3-4 esse köp duşýar.

Çaga autizmine mahsus bolan bozulmalar çaganyň psihiki ösüşine baglylykda döräp, ösüp transformirlenýär.

Esasy alamatlary – ömrüniň turuwbaşyndan adamlar bilen aragatnaşyklary ýola goýmaklygynyň kynlaşmagy, emosional reaksiýalarynyň gowşaklygy, oýunlarynyň stereotipik hem autistik häsiýetliligi, ýagdaýyň özgerdilmeginden, täzelikden gorkulmagy. Esasy alamatlary: fobiýalar (gorkular), uky bozulmalary we naharlaryň kadasyz iýilmegi. Goşmaça fakultatiw alamatlary – mehaniki ýatkeşligiň gowulygy, özüni alyp barşynyň agressiwligi we autoagressiwligi.

Çaga autizminde akyl ösüşiniň islendik derejesi gabat gelip biler. Adatça, bir ýaşyň içindäki çagada alamatlar ýüze çykyp, töwerekdäki zatlardan çetleşip, aýra durmaklyk we gyjyndyryjylar agyryly derejä ýetinçä, şolara üns bermezlik bilen ýüze çykarylýar.

Çaga autizmi alamatlar toplumy şu aşakdakylary öz içine alýar:

1. Töwerekden çetleşmek – habar gatyşyp, sözleşip habarlaşma bolan islegiň düýbünden bolmazlygy ýaly ýetmezçiligi, erjellik bilen ýekelikde bolmaga ýykgyn etmekligi, jaňyň sesinden gorkmagy, gep-gürrüňlerden ýaýdanyp çekinmegi;

2. Köplenç halatda sözleşmäniň kämilleşmeginiň kommunikatiw sypatlarynyň bozulmagyny:

– «awtonom sözleýşiň» ýaramaz bolmadyk ösüşini – öz-özüň bilen gürleşilmegi, özüň barada üçünji biriniň dilinden gürlemegi;

– sorag bermäge ukyp bolup, jogap gaýtarmaga ukypsyzlygy;

– oňat huşy, aýratyn-da ritmiki owazdyr habarlara (saz, aýdym, gazal, hasap) bolan ýatkeşligi; şonda gazallar bilen aýdymlaryň ýatlanylyşy has oňat bolýar, ýöne şol nähilidir bir içki kanunalaýyklykda «öz-özünden geçip», haýyşa ýa-da tabşyryga jogap hökmünde bap getirilmän edilýär;

– aýry-aýry sözleriň we söz utgaşdyrmalarynyň saýlanyp (aglaba mana gabat getirilmän) ulanylmagyna ýykgyn edilip, çylşyrymly sözleriň ýa-da «durmuş, ýaşaýyş näme?» diýen ýaly soraglaryň irginsiz gaýtalanyp durulmagy;

– sözleýşiň patologik görnüşleri: eholaliýalar, fonografiýa – ozalky eşidilen zatlaryň jikme-jik gaýtalanmagy, neologizmler, aýny görnüşdäki tagaşyksyz bogunlary bölüp-bölüp, labyzly hem hyjuwly seslenip aýtma, çalyşmalary we işlikleri ikinji we üçünji şahsyň adyndan özüne degişli getirmegi.

3. Sözleriniň boşluga, öz-özüne gönükdirilmegi, şonuň monologikligi, tebigy däl görnüşde düzülmegi.

4. Emosional reaksiýa berşiniň gowşaklygy (emosional blokadasy). Empatiýa, ysnyşmak ýaly häsiýetleri, ýakynlaryna bolan simbiotik garaşlylyk bilen çalşyrylýar, hakykatda bolsa olar biperwaý, sowuk-sala garaýarlar. Bu ýagdaý çaga şindi süýtden aýrylmanka ýüze çykýar: ejesi bilen habarlaşanynda janlanma, ýylgyryp şatlanma reaksiýasy, ejesi ony eline aljak bolanda gobsunmak, taýýarlyk reaksiýasy bolmaýar.

5. Protodiekrizis – adamlary, beýleki janly we jansyz zatlary tapawutlandyryp bilmezlik.

6. Görüş we eşidiş gyjyndyryjylaryna, şeýle-de özüne ýüzlenilende reaksiýa berlişiň kemterligi hem gijikmegi. Çaga özüni başda kör we ker ýaly alyp baryp, biraz wagtdan soň jogap gaýtarýar, şonda ýüzlenmäniň kabul edilenligi, jogabyň dogry gaýtarylanlygy düşnükli bolýar.

7. Birmeňzeşlik alamaty – özgerdilmezligi, durnuklylygy we hadysalaryň birmeňzeşligini saklamaga bolan ýykgynlyk, täze zatlardan gorkmak (neofobiýa), egin-eşiginiň çalşyrylmagyna garşylyk görkezmek we ş.m.

8. Özüni alyp barşynyň birmeňzeşligi, şol bir hereketleri öwran-öwran gaýtalamaga ýykgynlyk (meselem, bökejeklemäge, yraň atmaga, ellerini pyrlamaga, öz böwrüni symsyklamaga, gulaklaryna patyladyp kakmaga we ş.m.)

9. Özüne dikanlanyp seredilýän nazara çydamsyzlyk görkezmegi, söhbetdeşine «sowa» garamagy.

10. Esasy orun tutýan autistik oýunlaryň geçirilmeginde oýnalmaýan zatlary (gaýkalardyr nurbatlary, gap-gaçlary, ýüpleri we ş.m.) oýnap, birmeňzeş gaýtalamalar bilen galgatmak, pyrlamak we gurjaklary oýnalmaýan oýunda ulanyp, adata bap getirilmän peýdalanylmagy.

11. Motorik endikleriniň kemala gelşiniň bozulmagy we togtadylmagy, hereketleriň tagaşyksyz gödeňsiligi, synalaryň hereketlendirilmesinde sazlaşdyryşyň bolmazlygy (meselem, ýörelende elleriň ýörelişine bap getirilmezligi), tersligine tarap birmeňzeş hereketleri gaýtalamak (daraklygyna galyp ýöremek, basgançakdan galyp düşeninde kynçylyk çekmek), öz-özüňe hyzmat etme endiklerini özleşdirmegi başarman kösenmek.

12. Arassaçylyk endikleriniň bozulmalary – gijesi-gündizi diýmän, peşewi we uly täreti saklap bilmezlik.

13. Endige öwrülen patologik hereketler: aktasiýa, onihofagiýa, barmaklaryňy sormak we ş.m.

Mikrososial gurşawda uýgunlaşyp bilmezlik kynçylygy emosional birahatlyga getirip, her hili oňaýsyz, hatda howply ýagdaýlara hem-de emosional dartgynlygyň barha güýjemegine getirýär. Şonuň esasynda-da gorky-ürküler peýda bolýar we uzaga çekip, ýyllarboýy dowam edip saklanýar. Çaga daş-töwerekden, hakyky durmuşdan üzňe terbiýelenip, töwerekleýän dünýäni bitewüligine däl-de, aýry-aýry affektiw ähmiýetli alamatlaryň esasynda bölekleýin kabul edýär. Özüni alyp barşy,

gyzyklanmalary, işjeňligi «maýdalanyp», stereotipik häsiýete eýe bolýar. Bu ýagdaý bolsa, öz nobatynda gündelik durmuşa ýowuzdan-berk düzgün-tertibiň girizilmegine getirip, şonuň hem üýtgedilmegine garşy çykylyp, elde barynyň edilmegine getirýär (neofobiýa – täzelikden gorkmak). Ulurak ýaşly çaga autizmlerde öz erkine edilýän hereketlerde, inisiatiwada, hatda çözülmeli meseläni ýerine ýetirmekde güýjüniň ýetýän mahaly hem döredijiliginde ýetmezçilik, başarnyksyzlyk döreýär.

Çaga autizm alamatlar toplumy çaga autizminiň irki özenli görnüşi hökmünde Kanneriň keselinde, psihik prosesleriň dissosiýasiýasy görnüşindäki kesgitli aýratynlyklar bilen geçýän çaga şizofreniýasynda, häzirki güne çenli entek nozologik özbaşdaklygy almadyk, sözleýiş we kognitiw ösüşlerinde umumy togtadyşy bolmadyk Aspergeriň alamatlar toplumynda duşýar.

**Giperdinamik alamatlar toplumy (sindromy)** – psihomotor hereketleriň ugrukdyrylyşynyň ugruna goýberilmek alamatlar toplumy aglaba 3-7 ýaşly çagalarda döräp, hereketlenmäniň uçursyz güýçlenmegi, takat tapyp bir ýerde durup bilmezlik, hysyrdaganlyk, edilýän hereketleriň manysyzlygy bilen ýüze çykyp, uýgunlaşyp bilmäniň bozulmagyna getirýär.

Umumy alamatlary: hereketleriň başly-baratlygy, takat tapyp bir ýerde durubilmezlik, göçgünligiň ýokarlanmagy, özüňe erk edip bilmekligiň gowşamagy, ünsüň durnuksyzlygy we onuň aňsat sowlaganlygy, tapdan düşülip, tiz ýadaganlygy, ýüze çykyşy dürli görnüşlerde bolan hereketleriň maksadalaýyk gönükdirilişiniň bozulmalary.

Goşmaça fakultatiw alamatlary: tikler we gaýry giperkinezler, impulsiw hereketler, infantilizmiň ýüze çykmagy, motor hem psihiki ösüşleriň togtadylmasy. Şu alamatlar toplumy patologik nerw-psihiki reaksiýanyň psihomotor derejesi üçin mahsusdyr. Ol gyzlara garanyňda oglanlarda has köp duş gelýär. Şu alamatlar toplumynyň ilkinji alamatlary mekdep ýaşyna ýetmediklerde ýüze çykýar, ýöne kadanyň görnüşleriniň köpdürlüligi netijesinde çaga ösüp, mekdep ýaşyna ýetýänçä, şonuň üstüni açmak diýseň çetin bolýar. Diňe çaganyň hereketleri uçursyz okgunly derejä ýeten ýagdaýynda mekdep ýaşyna ýetmedik çagalaryň keseliniň kesgidini seresaplylyk bilen kesgitläp bolar. Çakdanaşa hereketlilik özüňi alyp barşyň, edim-gylymlaryň saýlanyp-seçilip, saýhallanyp amala aşyrylmagyny ýoýýar, ünsüň bozulmagyna getirýär, tabşyrygyň ýerine ýetirilmeginde erjellik görkezilmegini gowşadýar. Bu bozulmalaryň haýsy hem bolsa bir ýerdäki ýagdaýda (meselem, öýde, synpda, hassahanada) üsti açylyp bilner.

Giperdinamiki alamatlar toplumy, köplenç halatda rezidual – organiki nerw-psihiki kesellerde duş gelýär. Şeýle-de, bu ýagdaýyň döremeginde konstitusional bozulmalaryň orny bar diýip hasaplanylýar, ýöne şonuň özüne mahsus bolan etnologiýasy baradaky maglumatlar häli-häzirlikçe ýok. Çaganyň özüni giperaktiw alyp barmagynyň ýiti başlanyşy reaktiw ýagdaýlaryň käbirinde, maniakal bozulmalarda, şizofreniýada ýa-da newrologik patologiýalar-

da duş gelip biler. Giperdinamiki alamatlar toplumynyň netijesi psihiki ösüşi ýoýup biler.

**Nerw anoreksiýa alamatlar toplumy (sindromy)** juda erjellik bilen iýmitiň möçberi ýa-da hili babatda bilkastlaýyn ýüz öwürme we şonuň esasynda-da horlanyp, agramyň ýitirilmegi bilen häsiýetlenýär. Ýetginjek gyzlarda we ýaş gelinlerde has köp duşup, ýaş ýigitlerde, çagalarda we ýaşy gaýdyşan zenanlarda seýrek duş gelýär.

**Esasy alamaty:** öz agramynyň gereginden artyklygy baradaky ýokary ähmiýetli ýa-da paranoidli ynamlylyk, öz agramyny azaltmak niýeti bilen özüni ýokary ähmiýetli ýa-da paranoidli alnyp barlyşynyň esasynda iýmiti kabul etmegi azaltmak ýa-da şondan düýpgöter ýüz öwürmek, ýöriteläp süňňüňe fiziki agram salmak, emeli usul arkaly gusmak, iç geçirýän serişdeleri ulanmak we ş.m hereketleri etmek.

Goşmaça alamatlary: üzlem-saplam gatnaşyk, düşündiriş sensitiw ideýalary, anoreksiýa ýa-da ýatyrylýan bulimiýa, somatoendokrin bozulmalar. Nerw anoreksiýasynyň kesgidini goýmakda göwräniň agramynyň barha azaldylmagy ygtybarly görkeziji hökmünde hyzmat edýär (göwre massasynyň Kweteletiň indeksi – 17,5 ýa-da pesräk, göwräniň agramynyň kilogramlarda bildirilip, boýunyň uzynlygynyň kwadratynyň möçberiniň metrlerde bildirilende bir-birine dogry gelýänlik gatnaşygy).

Nerw anoreksiýasynyň esasynda, adatça, dismorfomanik ideýa, ýagny «artykmaç dolmuşlyk» ideýasy we şonuň esasynda-da fiziki «ýetmezçiligiň» düzedilmegine ýykgyn etmek ideýasy ýatandyr. Başky tapgyrlarda işdä uzak wagtlap saklanylýar-da, iýmitden ýüz öwrülip saklanmak bolsa, aram-aram hajymeliklik bilen tapan-tupan zadyň sygnalyp iýilmegine getirýär (nerw bulimiýasy). Şu ýagdaý bolsa, öz nobatynda, ýagdaýyň gowulaşandygy baradaky ýalan düşünjäni döredýär (agramyň köpelmegi, aýbaşynyň kadalaşmagy we ş.m.). Ýöne soňra ýagdaý ýene ozalky häsiýetine dolanyp, aşa köp iýmeklik somatiki çylşyrymlaşmalara getirýän gusmalar bilen çalşyrylyp gezekleşdirilýär. Aram-aram dissimulýasiýa ýykgyn edilmegi hem ýüze çykýar: ýekelikde naharlanmaga ýykgyn eden bolup, aslyýetinde şondan dynmaga çalyşmaklyk we ş.m. Olar iýmitleriň ýokumlylygyny birkemsiz öwrenýärler. Isteriki (kakynly) şahslaryň ençemesiniň horlanyp, agram ýitirme niýeti bilen iç geçiriji serişdeleri ulanmagy, iç ýuwgular etmegi, emeli usul arkaly gusmagy häsiýetli bolýar; psihastenikler iýmitden özygtyýarly ýüz öwrüp, öz süňňüne fiziki agram salmalar bilen meşgullanýarlar.

Nerw anoreksiýasy alamatlar toplumy öz ösüşinde üç tapgyry geçýär: dismorfomanik, anorektik we kahektik.

Dismorfomanik tapgyr – öz göwresiniň şekiliniň ýoýlan görnüşde kabul edilişinden başlanyp, şonda «semreme elhençliginiň hederi» kemala gelip, näsagda hususy agramyň azaldylmagyna bolan niýet döreýär. Şeýle başdan geçir-

meler keýpiň birneme gaçmasy bilen geçip, her wagt ýüze çykarylýan rudimentar gatnaşyk ideýaly bolýar. Şolaryň netijesinde iýmit düzüminiň hil tarapy özgerdilip, süýji, hamyrly, ýagly-ýüzli we ş.m. zatlaryň iýilmegi azaldylýar ýa-da şolardan ýüz öwrülýär, soňra iýmitiň mukdary azaldylýar (naharlanmanyň sany azaldylyp, gün içinde bir gezege ýetirilýär ýa-da günaşa bir gezek iýilýär, her gezekki iýilýän naharyň hem mukdary azaldylma bilen bolýar we ş.m.). Şu tapgyrda işdä saklanýar. Şu ýagdaýyň dowamlylygy 6 aýdan iki-üç ýyla çekýär.

***Anoreksik tapgyr*** iýmitden durnukly we tutanýerlikli çäklendirilme, hatda şondan doly ýüz öwrülme bilen häsiýetlenýär. Şu tapgyrda agdyk agram bilen göreşmäniň usullaryndan has-da ýygy peýdalanylýar (süňňüňe fiziki agramlar salmak, iç geçiriji serişdeleri ulanmak, iç ýuwgular etmek we ş.m). Özüňi hemişe aç ýaly duýmak özüňi alyp barmaklygyň giperkompensator (öwezini has ýokary görnüşde dolmak) görnüşlerine-de getirip biler: jigileriňi aşa doýrup naharlama, iýilýän dürli nygmatlaryň taýýarlanyşyna gyzyklanmanyň artmagy, şeýle-de eksplaziw hereketleriň edilmegi. Somatoendokrin bozulmalar birsyhly ýüze çykyp, barha beterleme bilen geçýär: deriasty ýaglaryň ýitirim bolmagy, aýbaşynyň az gelmegi (oligomenoreýa), soňra bolsa düýbünden gelmezligi (amenoreýa), içki agzalaryň distrofik özgermeleri, saçyň we dişleriň dökülmegi, ganyň biohimiki görkezijileriniň özgermegi. Şu tapgyryň dowamlylygy 6 aýdan 1,5 ýyla çekýär.

***Kaheksik (agdyk horlanma) tapgyr.*** Agramyň çökder azalmagynyň netijesinde näsaglar juda arryklap, daşyndan çöpe dönen ýaly biçak hor görünýärler, oturanlarynda bükülip, küýkerilip, daşyndan göräýmäge gaňyrçagy ýatladýarlar. Şolaryň derileriniň ýüzi soýlup, tozgalap durýar, reňki özgerýär, endamlaryna sütük deý inçeden mymyk tüý örýär («Lanugonyň fenomeni»). Trofik başlaryň, uzak ýatmakdan deriniň çüýremegi, agzyň burçlarynda jaýryklaryň döremegi, wital funksiýalaryň ýatyrylmagy ýüze çykyp biler. Astenoadinamik bozulmalar has öňe saýlanyp çykýar.

Nerw anoreksiýasy psihogen keseli hökmünde we şizofreniýada özbaşdak kesel görnüşde-de ýüze çykyp biler.

**Dismorfomaniýa alamatlar toplumy (sindromy)** ýönekeý alamatlar toplumy bolup, özünde hyýala getirilýän ýa-da öte ähmiýet berlip bahalandyrylýan, daş keşbiň ýa-da funksiýanyň kemisliginiň barlygy baradaky (ýokary ähmiýetli ýa-da samramaly) keselbentlikli ynamyň döremegi bilen häsiýetlenýär. Alamatlar toplumy ontogenetiklige ýykgyn edip, aglaba ýetginjeklerde hem ýaş ýigitlerde duş gelýär.

Esasy alamatlary: özünde haýsydyr bir fiziki kemisligiň barlygy baradaky ýokary ähmiýetli ýa-da paranoidli ynamyň döremegi (burnuň, gulaklaryň şekilleriniň betnyşan bolmagy, göwüsleriň çişip ulalmasy, öte semizlik ýa-da öte arryklyk, aýaklarynyň inçelip, kesewi ýaly egrelişip durmasy, endamynda ýakymsyz ysyň aňkamasy. Özleriniň tagaşyksyz görksüzligini düşündirenlerinde, köplenç halatda

ykbalyndan närazy bolup, «Aý, takdyrdandyr-da» ýa-da ene-atasyny günäkärläp, nägileliklerini täleýleriniň tersligine ýazdyryp, nadyl bolýarlar. Gipotim, kähalatlarda şonuň görnetin derejeli depressiýa ýetirilmegi, sensitiw gatnaşyk we düşündiriş ideýalary; «aýna alamaty», ýagny özüňi aýnada göz-görtele uzak hem dykgatly siňe synlamak (öz «görksüz, betnyşanlygyňy» tassyklajak täze delilleri agtarmak) ýa-da aýna seretmekden doly boýun gaçyrmak; «fotografiýa alamaty», ýagny jana agyry saljak goşmaça aýyplaýjy zatlardan dynmak üçin öz fotosuratlaryny ýok etmek; fiziki kemislikleriňi ýylmap düzetmek maksady bilen resmi bolmadyk, ýagny däbe girizilmedik lukmançylygyň kömegi arkaly ýa-da özbaşdaklykda özüňi autodestruktiw alyp baryş, ýekelikde özbaşdak bolmak.

Goşmaça alamatlary: katotim häsiýetli ys alyş gallýusinasiýalary, senestopatiýalar, depersonalizasion-derealizasion bozulmalar.

Dismorfomaniýa dissimulýasiýa ýykgyn etmek häsiýetli bolup, şol hem bölekleýin sypatly ýaly bolýar: psihiatrlar bilen gürrüňdeşlikde adaty şikaýatlar ýaşyrylýar, emma hirurglar ýa-da kosmetologlar bilen gürleşenlerinde bolsa, näsaglar hemme zady aç-açan aýdýarlar. Köplenç halatda dismorfomaniýa ýeke manyly bolup, ýöne seýrek duşýan käbir köp manylylarda hem näsaglaryň başdan geçirmelerinde «fiziki kemislik» baradaky şol pikir agdyklyk edýär. Dismorfomanik başdan geçirmeler we gatnaşyk ideýalary ýokary ähmiýetli ideýalara ýa-da paranoidli edim-gylymlara getirýär: näsaglar «kemisligini» ýaşyrmanyň dürli usullaryny ulanýarlar, şony beýlekilerden gizlemäge çalyşýarlar, adamlardan çetleşip, ýekelikde galýarlar, söz gatyşyp habarlaşmakdan gaça durýarlar. Şonda ilki bilen dismorfomanik ideýa öňe çykman, «tagaşyksyz bedroýlygyň» köpüň ünsüni özüne çekip, adamlaryň geňirgenmelerinden, ýaňsa almalaryndan halas bolmak üçin köpçülige barmazlyk, il gözünden sowa bolmak ýaly häsiýetler döreýär. Kähalatlarda öz janyna kast etmeklik islegi hem açyk ýüze çykýar. Şeýlelikde, dismorfomaniýanyň patognomonik alamatlar toplumy bolup alamatlaryň üçlügi (triadasy) öňe saýlanýar – fiziki kemislik we gatnaşyk ideýalary, keýpiň gaçyp, sustupesligiň döremegi.

Dismorfofobiýa psihiki bolmadyk derejeli ýeňilräk görnüşli bozulmany aňladyp, hamala diýersiň özünde haýsydyr bir fiziki kemisligiň barlygyny duýmak bilen baglanyşykly newrotik häsiýetli irizegen gorkuly bolýar. Adatça, näsagyň öz başdan geçirmelerine tankydy garaýyşlary bolýar.

Dismorfomaniýa alamatlar toplumy ýetginjeklere häsiýetli bolan (köplenç halatda gyzlara) reaksiýalar görnüşinde, gylyk-häsiýetiň has görnetin ýüze çykarylmagynda we psihopatiýalarda, ýetginjekleriň endoreaktiw dismorfomaniýasynda reaktiw dismorfomaniýa görnüşinde, şizofreniýada (haýal geçişli, paranoid ýa-da ýetginjeklerde howply geçýän görnüşli) we ýetginjeklerde duş gelýär.

Rudimentar dismorfofobiýa sagdyn ýetginjeklerde hem geçip gidýän wagtlaýyn reaksiýa görnüşlerinde duş gelip biler.

**Geboidlilik alamatlar toplumy (sindromy)** psihopatik däl psihiki bozulma bolup, formirlenýän ýetginjek şahslarda ýüze çykýar. Oňa ýetginjegiň patologik taýdan çişirilen, ýitileşdirilen we görnüşlerini özgerden sypatlarynyň (anetik alamatlar toplumy derejesine baryp ýetýän, özüňi aglaba grotesko-karikatura, ýagny masgarabaz ýaly gülkünç alyp barmak), affektiw-erk bozulmalary hem-de görnetin durmuş taýdan dezadaptasiýa getirýän isleg-küýsegleriň patologiýasy bilen utgaşmagy häsiýetlidir.

Geboid alamatlar toplumynyň esasynda, kämillik ýaşyna ýetilýän ýetginjeklik döwrüniň kynçylykly pursadynyň psihologik häsiýetleriniň psihopatologik döremeleriň klinik tamamlanmadyk ýagdaýy bilen utgaşmasy ýatandyr. Ol ýetginjeklik ýaşynyň özüne mahsus bolan alamatlar toplumydyr. Şu alamatlaryň ählisi ýetginjeklik ýaşynyň psihologik aýratynlyklaryndan gelip çykýan ýagdaýdyr. Ýöne geboidlilikde şolaryň ählisi başga sypatlarda ýüze çykarylyp, patologik häsiýete eýe bolýar. Geboidlilikde mahsus alamatlar içgin baglanyşykda bolup, dürli utgaşmalardyr intensiwlikde ýüze çykýar we keseliň kliniki suratlandyrylyşynyň esasy mazmunyny düzýänligi bilen häsiýetlenýär. Ýokarda görkezilen geboid alamatlar toplumynyň mazmunyny düzýän ähli psihopatologik bozulmalar şonuň düzüminde toplumy bilen ýüze çykyp, özüňi alyp barşyň endik edilen görnüşine öwrülip, şahsyň daş-töwerek bilen saklaýan aragatnaşygyny ýokary derejede bozýan gödeňsi uýgunlaşyp bilmezligine alyp barýar we geboid alamatlar toplumynyň esasy kesgitleýjisi bolup durýar.

Geboid ýagdaýyň psihopata meňzeş görnüşde kesgitlenilmegi kliniki suratlandyrylyşa ters gelmeýär, ýöne ol şonuň esasy aýratynlygyny – şol bozulmalaryň ýetginjek ýaşlylara has häsiýetlidigini şöhlelendirmeýär. Şonuň bilen birlikde-de haýsydyr bir kesel sebäpli, şahsyň belli bir derejedäki özgerişini göz öňünde tutýan psihopata meňzeş ýüze çykmalardan tapawutlylykda, geboid ýüze çykmalar psihopatiklerden has çuňňurdyr. Özi-de pubertat krizisiniň psihiki alamatlaryny patologik taýdan özgerdip, psihotiki derejä baryp ýetýän görnüşde ýüze çykýar. Beýleki bir tarapdan bolsa, ýetginjekligiň islendik psihologik pubertat häsiýetleriniň diňe bir patologik özgerdilmegi geboidlilik üçin patagnomik bolmaýar, çünki ýetginjeklik döwrüniň kynçylykly pursatyndaky ýetginjeklik krizisinde ýaş ýigidiň garşy durmagy we özüni töwerekdäkileriň garşysyna keserdip goýmagy ýaly kesgitli häsiýetler bilen içgin baglanyşykda bolýar.

Esasy alamatlary: näsagyň dürli, tagaşyksyz, kakabaş, samsyklaç hereketleri patologik isleg-küýsegler, stereotip ýagdaýlar. Şu bozulmalaryň esasynda emosiýalaryň (affektiň) özgerişi we erkiň bozulmasy ýatyp, şolaryň kliniki bölünişi kyn, ýüze çykyşy ýoýlan hem disproporsional bolýar.

***Ýokary ähmiýet berilýän ideýalar*** edilýän işleriň we aýdylýan zatlaryň düýbünden biderek hem manysyzlygyna düşünilmezligi bilen ýüze çykýar. Gerekmejek, esasy meseleden sowa zatlar bilen meşgullanmak ýuwaş-ýuwaşdan birtaraplaýyn

häsiýete eýe bolup, örän yhlaslylyk hem tutanýerlilik bilen amala aşyrylýar. Şol bir wagtda-da öndürijiliksizligi sebäpli, şol işler şahsy «baýlaşdyrmaýar». Emma şu psihopatologik fenomeni adaty ýokary ähmiýetli ideýalar hasaplamak bolmaz, çünki munda hökmürowanlyk edýän nähilidir bir esasy baş ideýa bolman, köplenç halatda birnäçe, aglaba biri-birlerine garşy çykýan ideýalaryň utgaşdyrylmasy ýüze çykarylýar. Näsaglaryň edýän işleriniň we aýdýan zatlarynyň mazmunynda garaýyşlaryň berk tertipli ulgamynyň (haýsydyr bir ýagdaýyň subýektiw logik delillendirilmesiniň) ýoklugy, şeýle-de dörän meselä çuňňur düşünmäniň düýbünden bolmazlygy sebäpli, olar özlerini gurşaýan daş-töweregiň ýetirýän täsirinden asla çykyp bilmeýärler.

***Patologik küýsegler (meýiller)*** töwerekdäkileriň mertebesini depeläp, namysyna degmekden lezzet alyp, görnetin göwne degiji gopbamlyk görkezmegi, özüniň edim-gylymlaryny sada gedonik delillendirme arkaly kanagatlandyrmagy, ugruna goýberilen isleg-küýsegleriniň soňa goýulmasyz amala aşyrylyp kanagatlandyrylmagyna ýykgyn etme häsiýetler degişlidir. Özüniň daş keşbini çişirip görkezmä gönükdirilen ünsi narsissizm (öz-özüňi söýme) bilen utgaşdyrylýar. Özüni alyp barşyndaky jynsy başyna gidenlik ýagdaýy olary söýgä durky bilen berlen ýaly görkezýär.

***Stereotipiýa ýagdaýlary*** – näsaglaryň özlerini alyp baryşlarynyň, edim-gylymlarynyň barha sadalaşyp, manysyz bolmagy we onuň stereotip hereketlenmelere getirmegi. Şol hereketler hatda olaryň geýnişinde hem ýüze çykarylýar. Özlerini üýtgeşik täsin şekilde görkezmäge çalyşýan näsaglar aklyňy haýran ediji nusgalara öýkünip, şol meňzejek bolmany samsyklygyň çür başyna çykarýarlar. Ýöne şol tagaşyksyz, hakykata bap gelmeýän gülkünç hereketler kem-kemden birmeňzeş häsiýete öwrülýär. Olar üst-başyna seretmäni unudyp, arassaçylygy başlaryndan aýlap urup, baryp ýatan hapysa öwrülýär, geýim-gejimlerini çalşyrman, şol bir eşikde uzak wagtlap gezýärler. Motorikasynda hereketleriň tebigylygy ýitirilip, hereketleriň ýerine ýetirilişi masgarabazyňky ýaly gülkünç görnüşlerde bolýar. Olar üýtgedilmän birsydyrgyn gaýtalanyp durýar, galam tutuşy, hat ýazyşy üýtgeýär. Soňra hereketler belli bir -manylylygyny ýitirip, aýry-aýry görnüşlerde gaýtalanyp durulma häsiýetine eýe bolýar. Näsaglar sagatlap yraň atyşyp durýarlar, saz guralyny irginsiz tiňňildedip oturýarlar, oýunjak sapança bilen diwara ok atýarlar, pyçagy ene-atasynyň geýim-gejimine çenäp zyňýarlar, nämedir bir zady bir elinden beýleki eline oklap, irginsiz gapyp oturýarlar we ş.m. Şeýle hereketler nämedir bir zada gyzyklanmadan, belli bir maksada gönükdirilmeden mahrumdyr. Edýän hereketlerini düşündirmek olara kyn düşýär. Şeýle hereketler katatonik görnüşli goşulmalar ýaly häsiýetlendirilmäge golaýdyr. Ýöne özüni alyp barşynyň şeýle häsiýeti diňe bir tarapa degişli bolup, ony bitewüligine häsiýetlendirip bilmeýär. Şolar katatonikler ýaly daşyndan göräýmäge delillendirilmedik, duýdansyz we impulsiw ýaly bolsalar-da, hakykatda katatoniklerden tapawutlylykda, edilişi bimaksat däldir.

Emosional-erk bozulmalarynyň ýüze çykarylyşynyň esasynda ýoýulma, dissosiasiýa we paradoksallyk ýatandyr. Empatiýa duýgusy, kesekä ýüregi awamak duýgusy peselip, «ahlaky daltonizm» diýilýän ýagdaý kemala gelýär. Hereketlerinde delillendirilmedik zalymlyk, gaharjaňlyk we hyýrsyzlyk agdyklyk edýär. Alamatlar toplumy hökmünde psihopatologik ýagdaýy kysymlaşdyrmak öndürijilikli (peýdaly) döremäniň barlygyny göz öňünde tutýar. Şeýle bozulmalaryň öndürijilikli digininiň peýdasyna şolaryň ýüze çykyşynyň wariabelligi (özgerip durmasy), birnäçe patogenetik şertlere garaşlydygy, ýaşa görä mahsuslygy, ýüze çykmalaryň düzedilip bolunýanlygy güwälik edýär.

## 18-nji bap. Duýujylygyň we kabul etmegiň bozulmalary

• Näsag endamynda ýakymsyz zatlary duýýar, şolaryň nämedigini, niredeligini kesgitläp bilmeýär.

• Näsag goh-galmagala çydamaýanlygyna şikaýat edýär. Agyrylara we tene degilmelere biçak çydamsyzlygyny nygtaýar.

• Zäherlenmäniň ýokary derejesinde näsag öz üstünden nämedir bir zatlary kakyp aýyrmakçy bolýar. Endamynda tarakanlaryň, möýleriň gyrmyldaşyp ýöreýändiklerini, syçanlaryň zyrmyldaşyp ylgaşýandyklaryny aýdýar.

• Näsag zenan lukmana ýüzlenip, jaýyň ýokary gatyna çykmagyny we şol ýerde kimiň şeýle «nejis bulagaýlyk» edýänligini bilmegini haýyş edýär. Ol şol ýerde birnäçe erkegiň özara gürleşip, munuň adyna paýyş-paýyş sözleri aýdyp sögýändiklerini eşidýänligini aýdýar.

• Näsag zenan bir öýkeninden beýlekisine gurçuklaryň müňzeşip geçişip duranlygyny aýdyp özüne operasiýa edilmegini soraýar.

• Gyzdyran wagty näsagda öz agramyny duýmazlyk duýgusy döreýär. Kellesiniň bolsa çişip, çelek ýaly ulalýandygyny duýup, her sapar gapydan çykjak bolanda kellesi gapa sygmaz öýdüp gorkýar. Ol şu ýagdaýyň keseldendigini bilse-de, şoňa tankydy garasa-da, şony hakykatdan hem duýýanlygyny ynamly belleýär.

Şähere ömründe ilkinji gezek gelen näsag şu ýerde ozal hem bolanlygyny aýdýar. Jaýlar, bag-bakjaly köçeler oňa tanyş ýaly bolup görünýär.

**Duýujylygyň, kabul etmegiň we pikirlenmäniň bozulmalary.**

• «Aňtawçylardan» aýagaldygyna hasanaklap polisiýa bölümine gaçyp gelen näsag, poluň üstüne togalanyp, towlanyp-ýazylyp, aňtawçylaryň ýokardan bir ýerden edil şonuň üstüne gönükdirilýän, tenini ýakýan «şöhlelerden» dynjak bolup dyrjaşýar-da, ezelenip halas etmeklerini soraýar.

• Näsag zenan goňşularynyň adaty bolmadyk ysy almaga mejbur edýändiklerinden zeýrenip, şol ys sebäpli özüni erbet duýýandygyny, üstesine-de şonuň üsti bilen özüne ýat bolan pikirleri gaýtaladýandyklaryny aýdýar.

• Näsag «Siz ýaramaz okaýarsyňyz. Sizi talyp hakyndan kesmeli. Meniň adymy bilmeýärsiňizmi? Siz meni Jemal Saryýewnanyň nähili söýendigini bilýän dälsiňiz? Siziň baryňyzy atmaly. Görüň, bu gün nähili mylaýym oňat howa!» diýýär.

• Näsag özüni ölüleri direldýän «etalony oýlap tapyjy» hasaplaýar. Ol şol «etalonyň» kömegi bilen öliniň damaryna howa goýberip, köp sanly meşhur adamlary direldendigini aýdypdyr.

• Ýokary bilimli näsag zenan diplomy bikanun alandygyny, şeýle etmek bilen ylmy, öz halkyny masgaralandygyny aýdyp, özüniň ýigrenje mynasypdygyny, munuň ýaly nalajedeýin deýýusa iň erbet, elhençden elhenç usul arkaly jeza berilmelidigini aýdypdyr.

• Näsag beýnisine gan öýülmeden ölerin öýdüp birsyhly gorkup, hemişe şol hakda alada edip gezýär. Şol howatyrlanmalaryň esassyzlygyna düşünse-de, şolardan arasyny açyp dynyp bilmeýär.

• Näsag haýsydyr bir ähmiýetli täzeligiň girizilmegini teklip edipdir. Sowatly bilermenleriň garşy bolmagyna garamazdan, ol özüniň oýlap tapan täzeligine çendenaşa uly ähmiýet berip, şony durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen dürli edaralara şikaýat hatlaryny yzly-yzyna ýazypdyr.

• Näsagyň öz aýtmagyna görä onuň edýän pikirleri şobada töwerekdäkilere aýan bolýarmyş. Pikirleriň akymy kellesine biygtyýar gelip, şony dolduryp, hum ýaly çişirýärmişin. Şu ýagdaýyň döremegini duşmanlarynyň ýetirýän zyýanlykly täsirlerinden görýänligini belläpdir.

• Näsagda dürli görnüşdäki gorkular döreýär: otagda ýeke galmakdan, belentliklerden gorkýar (balkona çykmaýar, liftden peýdalanmaýar, merduwandan münüp-düşende germewlere seredip bilmeýär). Kesel ýokuşaryndan gorkup, ellerini häli-şindi uzak wagtlap ýuwýar. Özüniň bolşunyň samsyklykdygyna düşünip, gorkular bilen göreşmäge synanyşýar, dürli görnüşdäki «goranyş» hereketlerini oýlap tapýar.

• Näsag hemişelik hereketlendirijiniň kyn meselesini çözenligini aýdýar. Tutanýerlilik bilen patent berilmegini talap edýär. Dürli edaralara aýlanyp, döreden işine mynasyp baha berilmegini isleýär. Ogurlanar gorkusy bilen, meýilnamasynyň çyzgylaryny hiç kime görkezmeýär. Ol öz açyşy bilen külli adamzadyň bagtyny açandyryn öýdýär. Öz işi baradaky ýaramaz seslenmeleri göripleriň pirimi saýýar.

• Näsag özüniň haýsydyr bir alymlaryň öwrenýän zadyna öwrülenligini belläp, şolaryň onuň töweregindäki ýagdaýlary çintgäp, yzygiderli öwrenýändiklerini, öz pikirlerini munuň kellesine salyp-çykarýandyklaryny, içki agzalarynda dürli görnüşli duýgulary döredýändiklerini aýdýar. Käwagt näsagyň kellesine tarap ses düzümini gönükdirip, şoňa-da munuň duýgulary barada söz

açdyrýandyklaryny belleýär. Näsagyň duýgulary barada diwaryň aňyrsyndan eşidilýän seslerem aýdýarmyş. Şu tejribe barada näsagyň töweregindäki ähli adamlar hem bilýärmiş, çünki olaryň seredişleri aýratyn üýtgeşikmiş-de, özleri hem pyşyrdaşýarmyşlar.

• Näsag özüni başga planetalylaryň ogurlandygyny aýdyp, şolar bilen Marsa syýahat edendigini belleýär. Marsyň ýaşaýjylary barada gürrüň berip, şolaryň gürrüňlerini gaýtalap, şu güne-bu güne çenli hem munuň bilen habar alşyp, söhbetdeş bolup durýandyklaryny aýdýar. Öz bolşuna hondanbärsi bolup guwanyp, özüniň elýetmez üýtgeşikdigine, ýer ýüzünde kosmos bilen habar alyşýanyň ýeke özüdigine begenip, heşelle kakýar.

**Pikirlenmäniň, ünsüň we ýadyň bozulmalary.**

• Näsagyň biçak keýpi göterilip, özi hem uçursyz hyjuwly. Anamnestik maglumatlary almak kyn, çünki näsagyň gürleýşi örän çalt hem bir temadan beýleki bir tema dyngysyz böküp durýar.

• Näsag zenanyň ogly ýogalansoň, ol çuňňur tukatlyga batyp, hereket-gymyldydan kesilip, doňňaradaş bolup oturýar. Başga zat barada oýlanyp pikirlenmäge mejaly bolmansoň, bar üns-pikiri tutuşlygyna şol betbagtçylyga gönükdirilen. Berilýän soraglara haýal jogap berip, pikirlenmesiniň kynlaşandygyny, pikirleriň haýal gelşini belleýär. Oglunyň ölümine özüniň sebäp bolandygyny hiç bir delildir esassyz aýdýar.

• Näsag huşunyň peselendiginden şikaýat edip, ýadyndan çykarmaz ýaly bar zady ýazyp alýandygyny aýdýar. Köneki toplan bilim-düşünjelerinden üstünlikli peýdalanýar.

• Tüsseden zäherlenmeden soň, näsag zenan öňki iki aýyň dowamynda bolup geçen zatlary ýatlap bilmeýändigini belleýär. Nirede işleýändigini, özi bilen kimleriň işländigini, Aşgabada nädip düşendigini ýadyna salyp bilmeýär.

• Elektrotrawmadan soň birnäçe minutdan näsagyň kellesi açylyp zehini durlanýar. Ol oba saglyk öýüne ýüz tutup, gerekli kömegi alýar. Şol günüň ertesi ol kömek sorap şol ýere ýüz tutandygyny düýbünden ýadyndan çykarýar.

• Aň işi bilen uzak meşgullanyp, kellesine agram salan talyp öwrenýän materialynda pikirini jemläp bilmeýänliginden şikaýat edýär. Ol: «Okuw kitabyny okaýarkam birden düýbünden başga zat barada pikirlenýändigimi aňyp galýaryn» diýýär.

• Näsag hiç bir zady ýadynda saklap bilmeýär. Özüniň ömründe hiç haçan başdan geçirmedik wakalary barada gürrüň berip başlaýar.

**Emosional we hereket-erk sferasynyň bozulmalary.**

• Näsag perwaýsyz bigam bolup, häli-şindi ýylgyrýar, özüni duýşunyň örän gowudygyny, şunuň ýaly gowy ýagdaýyň munda hiç haçan bolmandygyny aýdýar. Özüni gujurly, güýç-kuwwaty we işewürligi artan ýaly duýýar, hoşallygyndan aýdyma gygyryberesiniň gelýänligini nygtaýar.

• Näsag zenan nazaryny bir nokada dikip, küýkerilip krowatda otyr. Ýüz keşbi agras, gynançly, erinleri sallanyşyp dur. Näsag agyr duýgulary hatda teni bilen hem duýup: «Hamala diýersiň nämedir bir zat ýüregimde tokga tutan ýaly bolup dur» diýen ýaly sözleri aýdýar. Pikirleri haýallap, özüni nämedir bir zat bilen meşgullanyp güýmenmäge iterip bilmeýär.

• Depressiw ýagdaýdaky näsagyň haly teňleşip ýaramazlaşýar. Ol doňýürek, kütek, biparh bolanlygyndan şikaýat edýär. Ýakyn adamlarynyň alada-ünjüleri, gynançdyr begençleri onuň piňine-de däl. Näsagyň şeýle ýagdaýy özi üçin çekipçydardan has agyr bolýar.

• Näsag zenan birnäçe aýyň dowamynda hassahanada ýatyr. Özüni sag saýýar, ýöne şeýle-de bolsa, hassahanada ýatanlygy oňa agyr düşmeýär. Ýakyn hossarlary ýanyna gelip-gidende, şondan hoşal bolup begenmeýär, maşgala durmuşy hem ony tolgundyrmaýar, hiç zat bilen gyzyklanmaýar, ýanynda ýatan näsag zenanlar bilen tanyşmaýar. Berilýän sowallara «hawa», «ýok» diyip göwünli-göwünsiz dil ujundan jogap berýär.

• Gazet almakçy bolan näsag satyja teňňe uzadanda, satyjy beýleki alyjynyň uzadan puluny alypdyr. Gahar-gazaby depesine uran näsag gykylyklap sögünip başlapdyr-da, beýleki alyjynyň döşünden itekläp goýberipdir. Soňra satyjynyň elindäki gazeti bat bilen sogrup alypdyr-da, ýyrtym-ýyrtym edipdir. Ol wagty bilen köşeşip bilmändir. Soňra bolsa bolan şol wakanyň esasylarynyň köpüsini ýatlap bilmändir.

• Näsag takat tapyp, bir ýerde oturyp bilmeýär, nirädir bir ýere gaharly okdurylyp gykylyklaýar. Gep-gürrüňleri logiki taýdan tamamlanmadyk bolýar. Hereketleri bitertip, belli bir maksada gönükdirilmedik, başly-barat bolup, gaýtalanmalar bilen geçirilýär.

• Näsagyň keýpi çag, ol durky bilen işe berlip, ýaňrap köp gürleýär, köplenç halatda aýdyma gygyryp, labyzly edip goşgy okamaga synanyşýar. Gürleýşi çalt bolup, hemişe yzygiderliligini saklamaýar, sesi gyrylýar. Aýdýan sözlerinde çeper edebiýatdan alnan köp sanly jümleler getirilýär. Hassahana bölüminiň ähli işlerine gatyşyp, şonuň işgärlerini ýüregi bilen söýýändigini aýdýar.

• Näsag biçak ynjyk bolup, tiz ýadaýar, ruhdan düşýär. Hatda özüniň endik edip giden işlerini ýerine ýetirende-de haýal-ýagallygy görkezýär, mejaldan düşüp, demini dürsemäge oturýar. Nämedir bir zada ünsüni dikip, şonda tutanýerliligi saklap bilmeýär, çünki onuň ýadawlygy artyp, kellesi agyryp başlaýar. Keýpi özgerip, üýtgäp duragan bolýar, köplenç halatda sustupeslik bilen häsiýetlenip, hamsygyp gözüni ýaşardýar.

• Näsag haýal-ýagal hereket edip, jürlügi, tertipliligi, päkizeligi görkezip, adamlaryň ýüregine düşýän gürrüňleri aýdýar. Söhbetdeşlikde ikinji derejeli ownuk-uşak zatlar barada köp gürleýär. Tiz-tizden göçgünlenip, gahar-gazaba

münýär, zalymlyga ýüz urýar, töweregindäkiler bilen dawalaşyp uruşýan wagtlary hem bolýar.

• Näsag düşeginde gymyldaman ýatýar, ýüz keşbi doňup galan ýaly gözlerini ýumýar. Berilýän soraglara jogap gaýtarmaýar. Şonuň ýagdaýyny üýtgetmäge synanyşsaň, gözlerini açdyrjak bolsaň, dartgynlanyp, okgunly garşylyk görkezýär. Nahar iýmeýär, naharly çemçäni agzyna golaýlaşdyranlarynda dişlerini (äňini) has hem berk gysýar.

• Näsag zenan gymyldaman doňan ýaly bolup penjiräniň öňünde dur. Soraglara jogap bermeýär, durky bilen öz aladalaryna batan bolýar. Görkezmeleri ýerine ýetirmeýär, ýöne ýagdaýyny üýtgetjek bolsaň garşylyk görkezip durmaýar. Şonda ony oňaýsyz görnüşde oturdyp ýatyrsaň hem, ol şol durşuny özgertmän, uzak wagtlap saklaýar.

• Näsag otagyň çüňküňde sagatlap aýak üstünde dik durýar, soraglara jogap bermeýär. Ony otaga girizjek bolup synanyşsaň garşylyk görkezýär, ellerini daldaladyp yza çekilýär. Düşekde ýatanda birhili özboluşly gyşaryp, kellesini ýassyga degirmän ýatýar. Bu «Howa ýassygy» diýilýän alamat.

• Näsag göçgünli hereketde bolup, bökjekläp tans edýär, iki ýana ýüwürýär, samsyklaç şekillere girip durýar. Ýüz-gözüni oýnadyşy wäşiden samsyklaç, göwresini towlap, eginlerini gysyp gyşardyp, özüni masgarabaz ýaly alyp barýar. Gürleýşi gödek, yzygiderliksiz, bitertip, ýagdaýa bap getirilmedik bolýar.

**Aň bozulmalary.**

• Tutgaý ýagdaýyndan çykansoň näsag küteklenip, hereketsiz doňup galan ýaly bolup, özüni işjeň däl ýagdaýda alyp barýar. Töweregindäkiler onuň ünsüni özüne çekmeýär we olar munuň üçin düşnüksiz bolup galýar. Nämeler bolup geçýändigini aňşyrmaýar we ýakynlarynyň näme sebäpden tolgunýandyklaryna düşünmeýär. Soraglara gijikdirip, pessaýja ses bilen jogap berýär. Jogaplary ýöntemden sada, birmeňzeş bolýar-da, şolaryň köpüsine düşünip hem bolanok.

• Agyr abstinensiýanyň ýokary derejelisindäki ençeme günläp uklamadyk näsag agşamaralar duýdansyz göçgünlige gelip, hysyrdap başlaýar. Onuň keýpi durnuksyz bolup, üýtgäp durýar. Näsag nämedir bir zada siňe seredip, ellerini galgadyp, nämedir bir zatlary kowýan ýaly hereketler edýär, bukulyp gizlenmäge, gaçmaga synanyşýar, üzlem-saplam paranoid ideýalary aýdýar. Myşsalaryň dartgynlanyp gatamasy, el-aýaklarynyň sandyramasy, ýüreginiň çalt-çaltdan urmasy, dem alşynyň ýygjamlaşmasy, derlegenlik bilen tapawutlanýar. Töweregindäki bolup geçýän zatlara düşünmeýär, ýöne ady tutulyp gygyrylanda seslenýär. Gündizlerine ýagdaýy oňatlaşyp, köşeşýär, agşamlaryna ýene beterleýär. Şu ýagdaýdan çykansoň, bölekleýin amneziýa ýüze çykýar.

• Näsag birnäçe hepdäniň dowamynda işjeň däl ýagdaýda bolup, hemişe diýen ýaly düşeginden galman ýatýar. Töwerekde bolup geçýän zatlara gulak gabartmaýar, soraglara jogap bermeýär. Şu ýagdaýdan çykandan soňra, başga planetada

bolandygyny gürrüň berip, gaýry planetalylaryň arasynda ýaşanlygyny, kosmiki mazmunly biçak uly dabaraly wakalara, kosmiki uruşlara gatnaşanlygyny aýdýar. Soňra başdan geçirilen şol wakalaryň hemmesi ýatda galmaýar.

• Näsagyň birden ýüzüniň gan-peti gaçyp, ak esgä dönýär, ýüzünde gorky alamatlary peýda bolýar. Manysyz agressiw hereketlere geçýär we şonda nätanyş adamyň üstüne topulýar we aýratyn zalymlyk bilen hiç bir saý-sebäpsiz ony öldürýär. Oldürenden soň bolsa, şol öldüren adamsynyň gapdalynda gyşaryp uklap galýar. Oýanansoň ol eden işleri barada hiç bir zady ýadyna salyp bilmeýär.

• Horlap, tapdan düşürýän agyr somatik keselden soň näsag düşeginde ýatan ýerinde ynjalykdan gaçyp başlaýar. Göçgünlilik düýbünden manysyz, başly-barat tertipsiz bolýar. Ol düşeginden syçrap turmakçy bolýar, barmaklary bilen düşegiň gyralaryny elleşdirip görýär. Ýüz keşbi aljyraňňy, hiç zada düşünmeýäniňki ýaly, sözleýşi biri-birine baglanyşyksyz aýry-aýry sözlerden, seslerden, bogunlardan düzülen bolýar. Olar bolýan ýagdaýyň bitewiligine akyl ýetirip bilmeýär, ugur tapyp, baş alyp çykmadan düýpleýin mahrum, somatik taýdan tapdan düşüp, juda mejalsyz bolýar. Şu ýagdaýdan çykandan soň başdan geçirilen zatlaryň hiç birini ýatlap bilmeýär.

**Akyl bozulmalary.**

• 7 ýaşlyja gyzjagaz 1-nji synpda okaýar, öýe berlen ýumuşlary özleşdirip bilmeýär, aýratyn-da oňa matematikany özleşdirmek kyn düşýär. Barlag geçirilende ünsüniň bozulandygynyň, gözýetiminiň dardygynyň, tebigat baradaky bilim-düşünjesiniň çäklidiginiň üsti açylýar. Ol köl bilen derýanyň tapawudyny, ýönekeýje atalar sözleriniň manysyny düşündirip bilmeýär. Onuň keýpinde şatlyk, bigamlyk agdyklyk edip, köpçülikde ynanjaňlygy bilen tapawutlanýar.

• 60 ýaşyndaky näsag zenan soňky ýyllaryň dowamynda kem-kemden huşunyň peselendigini, aýratyn hem günsaýyn geçip duran wakalara bolan ýatkeşliginiň ýaramazlaşandygyny belleýär. Ynjyklyk, işjeň däl ýagdaý döräp, gijelerine uklap bilmeýär. Munda şahsyň kesellemeden ozalky häsiýetleriniň ýüze çykarylmasy mese-mälim görnüp, öwrendekli endikleriniň ýitirilmegi, aljyraňňylyk, gündelik durmuşda edýän işlerinde başarnyksyzlyk peýda bolýar. Hereketleri haýal-ýagal, doňan ýaly, ýörände assa basyp, ýuwaş hereket edýär, aýaklaryny ýere şarkyldadyp basýar.

• Edim-gylymlaryň durmuş taýdan medeniliOligi ýitirilip, tanyş ýerde hem nirededigini, ol ýere nädip düşüp, näme işläp ýörenligini bilmeýär, ýagdaýlardan baş alyp çykmasy kynlaşýar, üst-başlaryna seredip bilmän, kirli-hapysa adama öwrülýär. Söz baýlygy egsilip, sözleýşinde persewerasiýalar peýda bolýar.

## 19-njy bap. Organiki, şol sanda simptomatiki psihiki bozulmalar

Şu bölüm beýni dokumasynyň zeperlenmeginiň netijesinde döreýän psihiki bozulmalary öz içine birleşdirýär. Beýni işiniň bozulmasy onuň kesselleriniň we şikeslenmeleriniň, gan öýülmeleriň esasynda bolýan ilkinji görnüşlerinde, şeýle-de bedeniň beýleki agzalarynyň we ulgamlarynyň umumy keselleri bilen utgaşykly döreýän beýni zeperlenmesiniň netijesindäki ilkinji görnüşlerinde-de bolup biler. Şu zeýilli görnüşlere psihoaktiw maddalaryň (alkogol, narkotikler, hem zäherleýji – toksiki maddalaryň) ulanylmagyndan döreýän beýni işiniň bozulmalary girizilmän, olar iş ýüzünde ulanylmaga amatlylygy üçin F10-F19 bölümlerdäki toparlarda getirilýär.

Şu bölümiň sözbaşynda getirilýän «Organiki» diýlen adalga psihiki bozulmalaryň organiki, ýagny biologiki faktorlaryň we diňe psihososial şertleriň täsirinden döräp funksional diýilýän bölünşiniň gözbaşyny başky üleşdiriliş taryhy çeşmesinden alyp gaýdýanlygyny görkezýär. Şeýle bölünme lukmançylykda giňden ulanylýanam bolsa: käbir halatlarda şu iki düşünjäniň aýdyň seljerilip, tapawutlandyrylmasyny takyk kesgitlemek başartmaýar. Adaty jähtden funksional görnüşde garalýan käbir keseller, meselem, şizofreniýa parakliniki barlaglar geçirilende, beýniniň şoňa gönümel degişli spesifiki bolmadyk organiki özgertme alamatlaryň barlygynyň üstünden barylýan ýerlerem seýrek däl. Şol bir wagtda-da Alsgeýmeriň kemakyllygynyň we zäherlenmelerden döreýän deliriniň ýüze çykmagyna psihologiki we gurşaýan şert ýagdaýlarynyň lomaý täsir edýänligi hem anyk subut edildi.

Şu meselede görnetin gapma-garşylygyň barlygyna garamazdan «organiki» psihiki bozulmalaryň aýratyn bölünilip alynmagy şeýle ýagdaýlaryň kliniki keşbiniň we sindomlarynyň (alamatlar toplumynyň) durnukly toplumynyň parakliniki we patologoanatomiki maglumatlar arkaly tertipleşdirilmegine bolan mümkinçiligiň barlygyna güwänamalyk edýär.

Käbir halatlarda iş ýuzünde barlag geçirilme arkaly hatda beýniniň zeperlenmesiniň görnetin bolmadyk ýagdaýynda-da organiki keseliň barlagynyň kesgidi goýulýar. Şeýlelikde, psihiatriýa organiki keseliň kesgidi diňe bir parakliniki barlaglaryň netijesinde däl-de, köp derejede «organiki» alamatlaryň özboluşly ýüze çykma ýagdaýlarynyň esasynda-da goýulýar.

Bu bölümde getirilýän bozulmalar, köplenç halatda ulularda, ýa-da ýaşy birçene baran adamlarda döräp, şolam şu ýaşyň içindäkilerde beýniniň organiki zeperlenmesine getirýän ençeme sebäpler bilen baglanyşykly bolýar (ýokanç keseller, zäherlenmeler, kelle-beýni şikesler, beýni çişleri, beýni damar keselleri we başgalar).

Garrylarda duşýan beýniniň organiki bozulmalarynyň ençemesiniň döremeginiň sebäpleriniň üsti entek doly açylanok. Bu topara girýän näsaglardaky garrylyk akyl kemelmesiniň döremegine şeýle ýaşdaky adamlaryň aglabasynda beýniniň organiki bozulma alamatlarynyň ýüze çykýanlygy sebäpli, oňa kada diýlip düşünmek hem bolmaz.

Beýniniň organiki keselleriniň ýüze çykyşynyň kliniki aýratynlygy bir tarapdan keseliň alamatlarynyň aýry-aýry adamlarda, şeýle-de hatda bir näsagda-da soňky derejä ýeten akyl kemelmesinden gaýrylaryna keseliň geçiş döwründe her birinde dürli görnüşlerde ýüze çykyp, biçak tapawutlanýanlygyndan ybaratdyr. Beýleki bir tarapdan bolsa beýni zeperlenmesiniň döredýän sebäpleriniň ümmülmez köplügine garamazdan, dürli görnüşdäki organiki keselleriň ýüze çykyşynyň we alamatlarynyň birmeňzeşligidir. Psihopatologiki alamatlaryň şeýle meňzeşligini ilkinji bolup nemes psihiatry K. Bongeffer (1908–1910) «Ekzogentipli reaksiýalar» diýen işinde beýan etdi. Şu konsepsiýada (garaýyşda) K. Bongeffer adam beýnisiniň daşarky psihogen täsirlere çäkli jogap berýänligi baradaky şahsy pikirini hem aýan edipdi. Şeýlelikde, adam beýnisiniň bedene ýetirýän täsirileriň dürli görnüşdäki zyýanly faktorlarynyň ählisine jogap gaýtaryp bilme mümkinçiligidir – ukybynyň ýeterlik däldiginiň esasynda sindormlara öwrülýän birmeňzeş reaksiýalaryň döreýänliginden alamatlaryň birmeňzeşligi gelip çykýar.

K. Bongeffer «Ekzogentipli reaksiýalaryň» ýüze çykyp bildirýänleriniň hataryna asteniki sindromy, aňyň bozulma sindromlaryny (deliriýni, amensiýany, aňyň alagaraňkydaky ýaly bozulmasyny, seňselemäni, sopory, komany), gallýusinozlary, garaguşagyra çalymdaş paroksizmleri (tutgaýlary), Korsakowyň amnestiki (huşsuzlyk) sindromyny, demensiýany girizipdi. Şeýle garaýyş soňky onýyllyklarda ozal mälim bolmadyk faktorlaryň (täze zäherleýji maddalar, AIDS, şöhle zeperlenmesi we ş.m. peýda bolup, olaryňam täsiriniň ýüze çykyp bildirilişiniň beýnide organiki zeperlenmäniň esasy kanunalaýyklyklaryna gabat gelmegi arkaly subutlandyrylýar. Ýöne ýokarda görkezilen ekzogentipli sindromlardan daşary endogen funksional psihozlaryň ýüze çykyp bildirişine çalymdaş paranoid, depressiýa, katatoniki alamatlar ýaly bozulmalaryň duşýanlygynyň nygtalmagam zerurdyr.

Beýniniň organiki keselleriniň kliniki suratlandyrylyşy köp halatda beýniniň harap bolan düzümleriniň ornaşýan ýerine baglylykda kesgitlenilýär. Gönümel psihonewrologiki alamatlar bilen ýüze çykyp, beýniniň çekge bölümleriniň funksiýalaryna dalaş edýän beýniniň çäkli zeperlenmeleri beýniniň organiki bozulmasyny giňeldip, keseliň geçişiniň kliniki keşbini agyrlaşdyrýar.

**Demensiýa (akyl kemelmesi).** Bu ýerde demensiýanyň islendik görnüşiniň ýüze çykyp bildirişiniň esasy alamatlarynyň kesgitlenilip görkezilme maksady bilen demensiýa (akyl kemelmesi) baradaky umumy maglumatlar beýan edilýär. Demensiýa kognitiw we intellektual (akyl-paýhas) funksiýalaryň bozulmasy bilen häsiýetlenip, olaryň ýüze çykyp bildirişi şeýle görnetin bolup geçýär welin, näsagyň psihososial uýgunlaşybilme ykybynyň ýitirilmegine hem getirýär. Demensiýanyň ýüze çykyş alamatlarynyň umumylaryna: huşuň, pikirlenip bilmäniň, abstrakt pikirlenmäniň, matematiki hasap-hesip çykaryp bilmek ukybynyň bozulmalaryny, emosional we şahs sferalaryň tutuşlygyna peselmegi hereketlenme ukyplarynyň, şeýle-de öz-özüňe hyzmat etme (öz başyňy çarama) endikleriniň ýitirilmegi girizilip bilner. Demensiýada aň ýitirilmeýär. Organiki keselleriň dörmeginiň sebäbine, beýni zeperlenmesiniň agyr-ýeňilligine we beýni işiniň bozulmagyna baglylykda, demensiýanyň geçişi progressirleýji (barha agyrlaşmasy), statiki (bir durşuny özgertmezlikli) ýa-da regrediýent (yzyna gaýdyşly) görnüşlerinde bolup biler. Demensiýanyň progrediýent geçişi beýniniň atrofiki (öýjikleriniň zeperlenmesi bilen gelýän) kesellerine we beýni aterosklerozyna häsiýetli bolýar. Beýni şikeslenmelerinden we beýnä gan öýülmelerden soň döreýän demensiýalaryň ilkinji aýlarynda psihiki funksiýalaryň käbirleriniň dikeldilip we psihiki kemçilik derejesiniň köp ýyllaryň dowamynda bir durşunyň üýtgemän saklanylmagy hem mümkindir. Demensiýadaky bozulmalaryň oňaýsyz häsiýeti aglaba durnuklylyga eýe bolup, soňy doly sagalma bilen tamamlanmaýar.

Ýeňil görnüşli demensiýaly näsaglar adaty durmuşda akyl-huşy dürs adamlardan känbir tapawutlanmaýar. Demensiýanyň agyr görnüşleri käbir halatlarda apatiýa, hereketleriň haýal-ýagallanylyp peselmesi, hereket-gymyldylaryň haýallap, doňan ýaly gowuşgynsyzlanmagy, uklaganlyk, beýleki birlerinde bolsa gyzmalyk etme, ynjyklyk, hereketleriň göçgünlenip batlanmasy, howsalanma, takat tapyp bir ýerde oturyp bilmezlik, hüw-hak diýip başyny alyp öýden çykyp, nirädir bir ýerlere yňdarlyp gidiberme küýseginiň döremegi bilen ýüze çykýar. Näsaglaryň gep-gürrüňleri sadadan ýöntem, söz baýlygy çäkli bolup, persewerasiýalar (hötjetli gaýtalama) döräp, şol bir sözlerdir deslapky edilen gürrüňlerden alnan pikirleriň birsyhly gaýtalanyp durulmasy ýüze çykýar. Huşuň gitdigiçe peselmesi zerarly näsaglar onuň öwezini dolma niýeti bilen özleri üçin has wajyp bolan pikirlerini kagyza belleýärler ýa-da gelejekdäki amala aşyrylmaly işlerini unutmazlyk üçin elýaglygynda düwünjagazlary düwüp goýýarlar we ş.m. Huş peselmesiniň barha beterlemesi düşünjeleri ýagdaýa laýyklap düzme, logiki oýlanma, döreýän ýagdaýlary dogry bahalandyrma we akylly-başly ýerlikli karara gelme ukyplarynyň ýitirilmegine getirýär. Edim-gylymlaryň, hereketleriň amala aşyrylyşy oýlanyşyksyz, pikir öwürmeler ýüzleýden ýöntem bolýar. Emosional sferada käbirlerine şelaýynlyk etme, çendenaşa mylakatlylyk görkezme, ejizläp şumjaryp durma, hamsygyp hapa bolma mahsus bolsa, beýlekilerine gödeklenip mähirsizlik görkezme,

duýgy-düşünjeleriniň ýüzleýlenip çäklenmesi häsiýetli bolýar. Isleg-küýsegler bir görseň peselip öçgünsilenýär ýa-da tersine güýçlenip göçgünlenýär. Isleg-küýsegler güýçlenende hajy-melik ýaly iýermenlik döräp, näsaglar gerekmejek zyňyndy zatlary toplama ýykgynlyk edip, ykmandalyga, many-maksatsyz kaňkap ýörmäge ýüz urýarlar. Käbir halatlarda bolsa meýli içgilerden gerk-gäbe doýup serhoş bolma, zyna işine bolan isleg hyjuwyň güýçlenmesi ýaly ýagdaýlaram ýüze çykýar.

Demensiýalylarda şahsyň özgeriş derejesi käbir halatda ujypsyz bolup, näsagyň durky känbir üýtgemeýär, beýleki birlerinde bolsa şol özgerişler şeýle bir görnetin hem güýçli geçýär welin, näsagyň durky özgerip, adamyny asyl tanar ýalam bolanok. Netijede adam durmuşa bolan adaty ukyp-endiklerinden dyndarlyp, ýuwnup-ardynma, süňňünidir üst-başyny päkize saklama, öz-özüne hyzmat etme ukyplaryny ýitirip, durmuş şertleriniň ýagdaýlaryndan baş alyp çykmany başarmaýar.

Köp halatda demensiýa, aýratynam şonuň başky tapgyrlarynda dürli görnüşdäki-affektiw, paranoid, gallýusinator we ş.m. bozulmalar bilenem utgaşýar. Dürli görnüşdäki bozulmalar bilen demensiýanyň arasy belli bir derejede baglanyşyklam bolýar. Demensiýa ýeňil boldugyça, dürli görnüşdäki bozulmalar şonça-da agyr bolup, olaryň görnüşleriniň sany artýar, demensiýa çuňlaşdygyça dürli görnüşdäki bozulmalaryň sany azalýar. Has çuňlaşan agyr demensiýada şeýle bozulmalar aýrylyp ýitibem gidýär.

Köplenç halatda demensiýany aýyl-saýyl edip deliriý bilen çuňňur depressiýadan tapawutlandyrmaly bolýar. Demensiýadan tapawutlylykda deliriý ýiti başlanmasy we geçiş möhletiniň gysgalygy, ýagny 3-7 günden känbir uzaga çekmeýänligi bilen häsiýetlenýär. Delirä bir gije-gündiziň dowamynda psihopatologiki bozulmalaryň özgerip, üýtgäp durmasy, gijelerine alamatlaryň beterläp güýjemesi häsiýetli bolýar. Deliride uky bilen oýalygyň, aýak üstünde gezmekligiň kadasy bozulyp, ünsüň we kabul edilşiň görnetin bozulmalary bolup geçýär. Demensiýa garanyňda gallýusinasiýalar, aýratyn hem görüş gallýusinasiýalary (gözegörünmeler) we tranzitor paranoid delirä has hem häsiýetli bolýar.

Demensiýa bilen çuňňur depressiýanyň tapawutlandyryjy kesgidini kesgitlemek iň kyn meseleleriň biri bolup durýar, çünki demensiýadaky depressiw häsiýetli keýpiň bozulmasy häli-şindi duşup durýan ýagdaý bolup, şolam keseliň anyklanylmagyny çetinleşdirýär. Juda bir çuňňur görnüşli bolmadyk demensiýaly näsag akyl-huşunyň peselenligini gürläninde aýdylýan zatlaryny hetjikläp çintgemek, aýdylyp barylýan gürrüňiň manysyny ýoýup üýtgetmek, ýörite belgiler etmedir ýazmak arkaly ýaşyrmaga synanyşýan bolsa, depressiýaly näsag şonuň tersine – huşunyň peselip, ýatkeşliginiň kütelýänligine, aňynyň bulaşýanlygyna aç-açan şikaýat edýär. Demensiýaly näsaglar, köplenç halatda harsal bolup, daş keşbiniň nähilidigine üns bermeýärler, depressiýaly näsaglar bolsa öz sypatyna ünsüni ýeterlik bölmeýänem bolsa, daş keşbini başdan aýlap uran derejesine welin ýetirmeýär. Demensiýaly näsagyň özüni alyp barşy – wäşilik, bigamlyk, biparhlyk bilen hä-

siýetlenip, emosiýalary üýtgäp duragan ýa-da göwnüçökgünlikli bolýar. Depressiýaly näsag bolsa hemişe gamgynlyga batyp, tukat bolýar, özüni alyp barşy howsalaly, sus bolup, hereketleriniň haýal-ýagallanyp azalmasy, gowuşgynsyzlanmasy ýa-da göçgünlenip batlanmasy bilen häsiýetlenip, bularda wäşilik, keýpihonlyk bilen şatlanmak diýen zatlar düýbünden bolmaýar.

**Alsgeýmeriň keselindäki demensiýa. Epidemiologiýasy.** Ýaşy 65-den geçen gojalaryň 5%-ne golaýy demensiýadan (akyl peselmesi) ejir çekýär. Ýaşy aňry gitdigiçe kesel güýjäp, 80-ýaşdan geçenleriň bolmanda 20%-i demensiýa uçraýar. Demensiýadan ejir çekýänleriň 50-60%-de Alsgeýmeriň ilkinji degeneratiw (öýjükleriň düýpgöter özgerip zeperlenmesi) – demensiýanyň barlygynyň üsti açylyp, onuň hem erkeklere garanyňda aýallarda has kän duşýanlygy äşgär edildi.

Molekulýar-genetiki barlaglar geçirilmesi arkaly, şolaryň 21-nji hromosomasynda kemisligiň barlygynyň üsti açyldy. Hut şu anomal (adaty tebigy boşlugyndan özgerip azan) gen Daunyň keseliniň döremegine getirip, olaryň hem aglabasy 30 ýaşyna ýetende, Alsgeýmeriň keseline uçraýarlar.

**Keseliň döremeginiň etiologiki şerti** hökmünde bedende gomeostazyň bozulmasyna alýuminiý duzlarynyň toplanmagam getirip biler, Alsgeýmeriň keselinden ýogalanlaryň beýnisinde saklanylýan alýuminiň mukdarynyň ýokarlanmagy ýörite barlaglar arkaly ýüze çykaryldy. Mundan-da daşary, asetilholiniň sintezi üçin zerur bolan asetilholintransferaza fermentiniň mukdarynyň azalýanlygynyňam üsti açyldy. MNU-da gaýry neýrotransmitter we neýromodulýatorlaryň bozulmalary hem tapyldy. Galyberse-de, Alsgeýmeriň keselinde autoimmun hadysalaryň bozulmasyna getirýän immunoglobulinleriň mukdarynyň azalmagy baradaky maglumatlaram bar. Şu faktorlaryň barlygy Alsgeýmeriň keseliniň ýeke-täk bolman, eýsem, ençeme keselleriň aýaklaýjy tapgyrylygynyň çen-çak edilmegine-de esas döreýär.

**Patomorfologiýasy.** Alsgeýmeriň keselinde geçirlen patomorfologiki barlaglaryň netijesinde beýniniň tutuşlaýyn atrofiýasy geçip, şonuň gabykara joýalarynyň daşky gatlagynyň egremleriniň ýalpaklanyp, aralarynyň açylyp giňelýänligini, beýni garynjyklarynyň ulalýanlygyny görkezdi. Mikroskopiki barlaglar arkaly beýniniň daşky gatlagynyň we şondan aşakda ýerleşýän beýni düzümleriniň ählisinde senil blýaşkalarynyň (düwünleriniň), neýrofibrillýar örümleriniň çyrmaşygynyň, granulowaskulýar degenerasiýanyň (özgerip bozulmasynyň) barlygynyň üsti açyldy.

**Klinikiasy.** Keselleriň Halkara toparlaşdyrylmasynyň 10-njysynda keseliň iki görnüşi berilýär: 1) ýaşy 65 ýaşa çenli adamlarda Alsgeýmeriň keseliniň ir başlanylyşy (Alsgeýmeriň keseliniň 2-nji görnüşlisi); 2) ýaşy 65-den geçen adamlarda Alsgeýmeriň keseliniň giç başlanylyşy (Alsgeýmeriň keseliniň 1-nji görnüşlisi). Şeýle-de Alsgeýmeriň keseline we damar demensiýasyna (akyl peselmesine) häsiýetli bolan alamatlaryň utgaşykly gelýän Alsgeýmeriň tipiki (adaty) däl görnüşlisi hem aýratyn görkezilýär.

Alsgeýmeriň keseliniň (1-nji görnüşli) ir başlanýanlary, köplenç halatda 45-65 ýaşlylarda döreýär. Seýregräk keseliň has ir (40 ýaşa golaýlanlarda) we gijräk (65-den geçenlerde) başlanýanlary hem duş gelýär.

Kesel pessaýlyk bilen başlanyp, mnestiko-intellektual (akyl-huşuň) peselme alamatlary bilen ýüze çykýar. Şonda ýatdan çykarylmanyň ýygjamlaşmagy, ýakyn geçmişde bolup geçen hadysalaryň ýatlanylyp dikeldilme arkaly gaýtadan ýaňlandyrylmasy kynlaşýar. Wakalar ýatlanylanda deslapky bolup geçen zatlaryňdyr ýagdaýlaryň wagt arabaglanyşygy ýoýulyp hem ýitirilip bulaşdyrylýar. Şahsy pikirlenmelerde-de (meselem, pikir-düşünjeleri umumylaşdyrma) kynçylyklar döreýär. Gyzmalyk, ynjyklyk peýda bolup, hereketleriň okgunlylygy peselýär, süňňe we psihika salynýan agramlara çydamsyzlyk doräp, uklama kynlaşýar, meýli içgilere we derman-därilere bolan duýgurlyk ýitileşýär. Şu zatlar kesel başlananda sosial (gündelik ýerine ýetirilýän zähmetdäki işjeňligiň saklanylmagyndaky, şol sanda hünärine-de degişli bolan) uýgunlaşmagyň biraz ýaramazlaşmagyna-da getirýär.

Şulardan soň kän wagt geçmänkä huşuň ýaramazlaşmasy hasam görnetin bildirip, aýratynam gündelik geçip duran wakalaryň ýatda galdyrylmasy kynlaşýar. Abstrakt oýlanma ýaramazlaşyp, pikirleri jemläp umumylaşdyrma, pikirleri dogry öwrüp ýerlikli oýlanma deňeşdirip bilmeleri kynlaşýar. Dürli derejeli agyrlykdaky oý-pikir işiniň: sözleýşiň, tejribäniň, görüş giňişligindäki işjeňligiň bozulmalary ýüze çykýar.

Näsaglaryň aglabasynda kesellemeden deslapky disforiýalyk (keýpiň bozulmasy), dawaçyllyk, öýkeleklik, öz-özüňi söýmeklik ýaly ýaramaz gylyk-häsiýetler janlanyp, şahsyň aýratynlyklarynyň özgermegine getirýär.

Psihiki işiň peselmeginiň öwezini dolmaga çalyşýan näsag süňňe we psihika agram salynmadan gaça durýar, gündelik durmuşynda haýsydyr bir özgerişleriň bolmazlygyna çalyşýar. Şu ýerde psihososial faktorlaryň täsiri aň derejesiniň hem alnan bilimiň hil derejesiniň ýokarylygyna bagly bolup, döreýän kognitiw kemisligiň öwezini dolma akyl hem bilim derejeleri ýokary bolan näsaglara has üstünlikli başardýanlygyndan ybaratdyr.

Soňra, kesel beterleşdigiçe huşuň gödek bozulmalaryndan daşary näsaglarda wagty-sagady, aý-güni bilmezlik, özüni töwerekleýän zatlardyr hadysalary seljerip, akylly-başly aňşyryp bilmezlik, ugurtapyjylygy ýitirip, wakalardan baş alyp çykyp bilmezlik ýaly göze görnüp duran gödeňsi bozulmalar, akyl-paýhasynyň peselmesi ýüze çykýar. Ýatkeşligiň bozulmalary bilen täze zatlary özleşdirilme mümkinçiliginiň hem durmuş tejribesinde ýatda galdyrylyp ozalky toplanan düşünjeleriňdir tejribäniň ýitirilmesiniň utgaşmasy ünsüň, töwerekdäki zatlardyr hadysalara dogry düşünip bolşy ýaly, kabul etmäniň ýoýulmasynyň teý-düşegini döredip, geljekki çäkli bozulmadan boljak keseliň alamatlarynyň ojagyny taýýarlaýar. Başda töwerekleýän näbelliräk ýerlerdir ýagdaýlardan ugur tapyp, baş

alyp çykma kynlaşýan bolsa, soňra, biraz gijräk, hatda gowy tanyş bolan ýerlerdir ýagdaýlary seljerip tanamazlygy mese-mälim ýüze çykýar. Şulardan soňra näsag aralyklaryň daş-ýakynlygyny, boşlukdaky ýerleşýän zatlaryň özünden we biri-birinden aradaşlygynydyr arabaglanyşygyny kesgitläp bilmeýär. Şonuň bilen bir hatarda apraksiýa-da, ýagny zatlaryň näme-nämeligi, näme üçin niýetlenenligi unudylyp, şolaryň maksadalaýyk ulanylyş ukybam ýitirilýär. Şonda näsag endik eden işlerini (tikin-çatyn) etmäni, gap-gaçdyr, kir ýuwmany, çaý gaýnadyp, nahar bişirmäni we ş.m. ýerine ýetirme ukyplaryndan hem dyndarylýar-da, aljyraňňy hala düşýär, hereketleri tagaşyksyzlanyp, näderini bilmeýän adama öwrülýär. Gepleşigiň bozulmasy (afaziýa-gepläp bilmezlik, ýa-da aýdylan gürrüňe düşünmezlik ýagdaýy) döräp, grammatiki çylşyrymly sözleriň manysyna düşünmek we jümleleri dogry hem düşnükli düzüp bilmek ukyby ýitirilýär. Aýry-aýry sözleri we söz bogunlaryny anyk aýdybilme kynlaşyp, sözdür sözlemler emele getirip bilme ukyby doly ýitirilýär. Sözleýşiň bozulmasy güýjäp, kähalatlarda göçgünli ýaňrama derejesine, seýregräk bolsa gürleme islegi peselip dymmalyga ýetirilýär. Ýokarda görkezilen beýni işiniň bozulmalaryndan daşary Alsgeýmeriň keselinde okama, ýazma we hasap-hesip çykarma, sanap bilmek ukyplary ýitirilýär. Okama ukybynyň bozulmasy dogry okap bilýän näsagyň okan zadyna düşünmezligi bilen häsiýetlenýär. Käbir näsaglar haýsydyr bir zady sesli okanlarynda şony harpma-harp, bogunma-bogun bölüp okap, şolardan bir bitewi düşnükli sözi düzüp bilmeýär. Ýazyp bilmek ukyby bozulanda bolsa näsag sözleri gyşyk-çaýşyk ýazyp, jümläni setirden çykarýar ýa-da bolmasa adaty dürs ýazuw düzgüni berjaý etmänsoň, ýazan zadynyň many-magady bolmaýar. Şondan biraz soň sözler birleşdirilip ýazylman aýry-aýry bogunlara we harplara bölünip, şolaryň aralary biri-birinden açylyp aşakly-ýokarly, üzlem-saplam ýazylýar. Kähalatda bir ýerde şol bir harp gaýtalanylyp köp gezek ýazylýar. Şondan soňra bolsa näsag ýazma ukybyny doly ýitirýär. Hasaplap bilmek ukybynyň bozulmasy kähalatlarda ýazyp bilmekligiň bozulmasy bilen utgaşyp, şol hem hatda ugrukdyryp görkezilenden soňra-da eliň barmaklaryny dürs sanap bilmezlige, ýagny eliň barmaklarynyň näçediginiň we atlarynyň ýatdan çykarylmagyna getirýär. Hasaplap bilmek ukybynyň bozulmasy birinji nobatda bölüp we köpeldip bilmekligiň bozulmagyna getirip, gijräk bolsa aýryp bilmekligiň, iň soňky nobatda goşup bilmekligiň bozulmasyna getirýär.

Keseliň kliniki keşbinde dürli görnüşdäki newrotiki bozulmalar uly orny eýeläp, şolaryň arasynda: muskul-damarlaryň tonusynyň ekstrapiramid bozulmalary (amimiýa, muskullaryň rigidsizliginde bedeniň hereket-gymyldylarynyň haýallamasy, ýöreýşiniň bozulmasy), şeýle-de dürli görnüşdäki horeopisint we miokloniki giperkinezler ýaly ýagdaýlaryň bolýanlygy bellenilmelidir.

Görnetin ýüze çykýan psihiki hem newrologiki bozulmalaryň barlygyna garamazdan, näsaglar uzak wagtlap özleriniň şahsy aýratynlyklaryny we kesele bolan

dogry tankydy garaýyşlaryny ýitirmän saklaýarlar. Juda seýrek halatlarda näsaglarda depressiw-paranoid, gallýusinator we ş.m. başga psihotiki ýagdaýlar döreýär. Olar adaty bolmadyk ýagdaýda ýüze çykyp, köplenç halatda gysga möhletli bolýar. Alsgeýmeriň keselindäki bolup geçýän psihotiki epizodlar (parçalar) beýnide geçýän atrofiki hadysalaryň tizleşmesiniň netijesidir.

Alsgeýmeriň soňky, aýaklaýjy tapgyrlary psihiki funksiýalaryň we ýönekeý durmuşy edim-gylymlaryňdyr adaty endikleriň doly ýitirilmegi bilen häsiýetlenýär. Şeýle derejä ýeten näsaglarda döreýän huşuň çökder peselmesi adamyň başyndan geçirip ozalky durmuşynda toplan tejribesiniň ýitirlip, şolaryň juda ujypsyzlanmagyna getirýär. Wagty we bolunýan ýeri kesgitläp bilmek ukyplarynyň ýitirilmeginden daşary, näsaglaryň hut özleriniň kimligini aýyl-saýyl edip bilmesi hem ýitirilýär. Huşuň doly ýitirilmegi bilen utgaşýan pikirlenişiň çuňňur bozulmasy akyl kemelmesiniň beterläp agyrlaşmasy bilen tamamlanýar. Şeýle derejä ýeten näsaglar edil körpe çaga ýaly dynuwsyz idegdir-kömege mätäçdir. Näsaglaryň motorikasy doly ýatyrylyp (total apraksiýa), onuň netijesinde-de gutarnykly görnüşdäki ýerlikli hem emaýly maksadalaýyk hereketleri amala aşyryp bilmeýärler. Olarda öz ellerini owkalamak, oturgyjyň ýa-da ýene bir zatlaryň üstüni sypalamak, çapak çalmak ýaly birsyhly edilýän manysyz ritmiki hereketlere ýuz urmak agdyklyk edýär. Şeýle näsaglar basgançaga münüp-düşme, oturyp-turma ýaly ýönekeý hereketleri amal etmäni başarmaýarlar.

Agnoziýa (tanap bilmezlik) şeýle bir ýokary derejä baryp ýetýär welin, näsag ata-enesini, süýtdeş doganyny, ýakyn hossarlaryny, gowy tanyş-bilişlerini, hatda aýnadaky hut öz keşbini hem tanamaýar. Mundan başga-da, durmuşda häli-şindi ulanylyp ýörlen we her ädimde diýen ýaly duşýan adaty zatlary hem tanap bilmän, olaryň arabaglanyşyklaryny seljermeýär. Gürleýşiň bozulmasy aňrybaşy gürläp bilmezlik derejesine baryp ýetýär. Şonda gürleýşiň manysy doly ýitirilip, söz emele getirip bilmesi we gürleýişde ulanylýan awtomatizmleriň döredilip bilinmesi bozulýar. Aýry-aýry sözleriň we söz bogunlarynyň birsyhly her bir äheňde zoraýakdan etdirilýän ýaly mejbury ýagdaýda gaýtalanyp durmasy hem bolup biler.

Keseliň ahyrky, aýaklaýjy döwründe beýni işiniň ýokary derejeleriniň ählisi dargap biler. Näsaglar gezim edip ýormesini kesýärler, ýerinden galman, düşekde «embrional görnüşde» düýrlenip ýatýarlar. Olarda dürli görnüşdäki zoraýakdan mejbury etdirilýän ýaly hereketlerdir awtomatizmler, garaguşagyry tutgaýlary, aglap-eňreme, mejbury ýylgyrma ýaly ýüz keşbiniň zoraýakdan oýnadylmalary ýüze çykýar.

Bulimiýanyň (doýmaz-dolmaz hajymelikligiň) döremegine garamazdan, näsaglar biçak horlanýarlar we deri bilen süňk bolup galýarlar.

Netijede bolsa igläp, ejizläp, tapdan düşensoňlar ozalky derdiniň üstüne goşulýan goşmaça keselleriň pidasy bolýarlar. Keseliň uzaga çekişiniň aramlyk wagty

8-10 ýyla barabardyr. Keseliň progrediýentliligine, psihososial şertlere (faktorlara) baglylykda geçiş wagtynyň möhleti uzalybam, gysgalybam biler.

Alsgeýmeriň keseliniň giç başlanýan (Alsgeýmeriň keseliniň 1-nji görnüşi), adatça, 65-85 ýaşlylarda duşýar. Keseliň şu zeýilli görnüşli garrylyk akyl peselmesi (senil demensiýasy) diýlip atlandyrylýar. Alsgeýmeriň keseliniň ir başlanýanyndan tapawutlylykda Alsgeýmerkysmy senil demensiýasynyň ýüze çykyp bildirişi äşgär bolýan psihiki kemislikli görnüşde has gödeňsi bolup, psihiki işleriň ählisiniň tutuşlaýyn bozulmasy bilen häsiýetlenýär.

Senil demensiýasyndaky huşuň peselmesi häsiýetli aýratynlyklara eýe bolup, esasanam, ilkinji nobatda juda bir irki bolmadyk geçmişiň hadysalaryny ýatlamak we hakydada dikeltmek ukyby ýitirilýär-de, şonda huşuň peselmegi durmuşda toplanan tejribe babatda wagtyň tersine gaýtmasyndaky yzygiderliliginde bolup geçýär (Ribonyň kanuny). Belli bir kesgitli wakalardyr abstrakt düşünjeleriň, sadadan ýönekeý zatlaryň atlarynyň ýatlanylmasy kynlaşýar.

Näsaglar öz ýaşlaryny takyk (nätakyk) bilmän, ýakyn hossarlaryny tanaman, olaryň atlaryny nädogry tutýar ýa-da olary başga bir nätanyş, keseki adamdyr öýdýär. Huşuň gödek bozulmalary ugurtapyjylygyň amnestiki görnüşli ýitirilmegine getirýär. Näsaglar dörän wakalary degişli görnüşde dogry bahalandyryp bilmän, töwerekde edilýän ähli gürrüňlere goşulyp, degerli-degersiz düzedişler berip, töwerekdäkileriň edýän işlerinidir hereketlerini ýazgaryp, ownukçyl, hüňürdäp ýören, iňirdi bolýarlar.

Düşünjeleriň emele gelme hadysasy belli bir pikirdäki gutarnykly hem aýdyň netije çykarma ýaly akyl-paýhas işlerem ýoňsuz derejede peselýär. Akyl-paýhasyň ýitirilip dargamasy şeýle bir pes derejä düşýär welin, näsaglar durmuşyň iň bir sada, maýda-çüýde sowallaryny hem çözüp bilmeýän adama öwrülýärler.

Senil demensiýaly näsaglarda aljyraňňylyk, howsala düşüp ederini bilmezlik, alňasakly hasyrdyly ýaly ýagdaýlaram ýüze çykýar. Şondan näsaglar zeruryýetligi bolmasa-da, agyr zatlary galdyryp, ýerlerinden süýşürip, köne kagyzdyr hatlary dörjeläp, elden geçirmek, geýimlerini ýyrtyşdyryp, zatlary dolamaga düwünçeklik ýasamak bilen meşgullanýar. Olar käte hut öz öýündeligini unudyp, nirelere-dir bir ýerlere rowana bolmakçy bolup «ýol şaýyny» tutýarlar. Hereketleriniň okgunlylygynyň göz-görtele peselmesi bolsa olarda haýsydyr bir somatiki keseliň döränliginden habar berýär. Ukudyr-oýalykda bolmanyň kadasynyň bozulmasam şolara diýseň häsiýetli bolýar. Gündizlerine näsaglar irkiljiräp oýaly-ukyly hem sus bolýan bolsa, agşamlaryna çuslanyp, hereketleri batlanýar, ýokarda görkezilişi ýaly alňasakly hysyrdaganlyk görkezip, «aýaklary bişen ýaly» bir ýerde durup bilmeýärler. Keýpleri çökgünem, gyzmadan gyňra-da, ýa-da keýpihon, ýyljyraklap oturan wagtyhoş biperwaýam bolup biler.

Şonda näsagyň şahsynda düýpli özgerişleriň bolup geçmesi-de ýüze çykýar. Patologiki hadysa başlanynda näsagyň häsiýet aýratynlyklary ýitileşip, olary jynly-

lyk (psihopatizasiýalaşma) derejesine ýetirýän bolsa, soňra şahsyň durky özgerip, lapykeç bolýar, süllerip hem ahlaky-edep düşünjeleridir endikleri, tankydy garaýşy güýpgöter ýitirilýär. Ýöne her niçigem bolsa şeýle ýagdaýa ýeten näsaglar uzak wagtlap gylyk-häsiýetiniň awtomatizmleşdirilenlerini, endik eden edim-gylymlaryny, söhbetdeş bolanlarynda öwrendekli boluşlaryny ýitirmän saklaýarlar.

Şeýle çuňňur demensiýanyň barlygynda howsalaly, göwnüçökgünli, ipohondriki, paranoid, gallýusinator we başga psihopatiki epizodlaryňdyr ýagdaýlaryň döräýmegi hem ähtimaldyr. Seýrek hem bolsa maniakal ýagdaýlaram döräp biler. Paranoid pikirlerinden has ýygjam duşýanlary zyýan çekijilik, zäherlenme, gabanjaňlyk ýaly görnüşleridir. Şeýle psihotiki ýagdaýlaryň ýüze çykyşy, adatça, görnetin bolup, gözedürtme bildirmän pessaýlyk bilen geçip, tizdenem aýrylyp gidýär.

Agyr newrologiki bozulmalar döräp, şolara-da afaziýa bilen agnoziýa utgaşýar. Newrologiki alamatlar beýniniň daşky gabygasty düzümleriniň alamatlary bilen başlanyp, tremoryň, ýöreýşiň özgermeginiň (maýdajadan ýygjam ädimläp ýorgalamak, aýaklaryňy şarkyldadyp ýere basmak) peýda bolmagy bilen ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlaryň 75%-de sudorogly tutgaýlar döreýär. Ir başlanýan Alsgeýmeriň keselinden tapawutlylykda Alsgeýmer görnüşli demensiýa alyşma we agyz awtomatizm giperkinezleri ýaly bozulmalara getirmeýär. Näsaglarda görnetin bildirýän amnestiki we sensoriki (duýgy) afaziýalardan daşary, manyly gürleme ukybynyň bozulmasam ýüze çykýar. Näsaglaryň ählisinde diýen ýaly okap bilmek, ýazyp, hasap-hesip çykaryp bilmek ukyplary (endikleri) ýitýär.

Psihotiki ýagdaýda arryklap biçak horlanma, agyr distrofiki bozulmalar bolup, şolaryň geçmeginde-de agyr somatiki (süňňi) patologiýalar döräp, näsaglary ölüm heläkçiligine getirýär. Orta hasapdan keseliň uzaklygy 5 ýyldan 15 ýyla çenli.

Kesel kesgidi. Alsgeýmeriň keseliniň kesgidiniň goýulmagy üçin onuň klinikasynda demensiýalaryň ählisine mahsus bolan umumy alamatlaryň ençemesiniň bolmagy hökmanydyr.

1. Huşuň peselmesi, aýratynam täze maglumatlaryň özleşdirilip ýatda galdyrylanlarynyň, has agyr geçýänlerinde bolsa ozalky özleşdirilen maglumatlaryň hem huşdan çykarylmasy;

2. Çürt-kesik şekillendirilişi pikirlenmäniň saklanylyp, zatlardyr wakalaryň alamatydyr-häsiýetlerini kesgitläp düýp magadyna ýetmek ýaly abstrakt pikirlenmäniň bozulmalary;

3. Öz ýagdaýyna tankydy garaýşyň ýoýulyp, gelejekki hususy durmuşyňy gurnama baradaky meýilnamalaşdyrma ukybynyň ýitirilmegi;

4. Ýokary nerw işleriniň gaýry bozulmalary-afaziýa (gürleýşiň bozulmalary), apraksiýa (düşünmäniň we hereketlenme ukyplarynyň saklanmagynda maksadalaýyk hereketleri edip bilmek ukybynyň bozulmalary), agnoziýa (zatlary tanap, aýyl-saýyl seljerip bilmek ukybynyň bozulmalary);

5. Gylyk-häsiýet aýratynlyklarynyň ýitileşip, görnetin psihopatizasiýalaşdyrylma derejesine ýetirilmesi ýa-da soňky doly dargama ýetirilýän psihiki işiň bozulmasy ýaly şahsyň özgermeleri;

6. Aşakdaky alamatlar arkaly ýüze çykyp bildirýän emosiýalaryna, isleg-küýseglerine, sosial edim-gylymlaryna erkine buýrup gözegçilik etme ukybynyň peselmesi ýaly: a) emosional durgunsyzlyk; b) ynjyklyk, girriklik; w) apatiýa; g) durmuşda özüňi alyp barşyň, edim-gylymlaryň gödeňsilenmegi;

Kesgit anamnestik maglumatlar we mümkingadar bolan parakliniki (EKG, KT we başg), tejribe-psihologiki barlaglar arkaly tassyklanmalydyr.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Alsgeýmeriň keseliniň we endogen depressiýanyň başky tapgyrlaryndaky ýüze çykyşynyň meňzeşligi şu keselleriň biri-birinden tapawutlandyrylmalydygynyň zerurlygyny nygtaýar. Şeýle zeruryýetligi kognitiw kemislikleriň hem-de gödeňsi newrologiki bozulmalaryň döräp, şindi göz-görtele ýüze çykmadyk mahalynda näsaglarda howsalanmanyň, depressiýanyň we özlerinde bolup geçýän özgerişler zerarly aljyraňlylygyň ýüze çykmasy ýaly ýagdaýlary döredýär.

Şol bir wagtda-da endogen depressiýaly näsaglarda apatiýanyň, adinamiýanyň, sosial işewürligiň peselmesi, öz pikirdir aladalaryna büs-bütinleý çümüp, ähli durkuň bilen gümra bolmak ýaly, ýagny daşyndan goräýmäge demensiýadaky kognitiw kemisliginiň alamatlaryna çalymdaş ýagdaýlaram ýüze çykýar. Endogen depressiýaly näsaglaryň geçmişinde subdepressiw ýa-da depressiw epizodlaryň bolýan ýerlerem seýrek däl. Alsgeýmeriň keseli bilen kesellän näsaglarda bolsa şeýle ýagdaýlar bolmaýar. Bulardan-da daşary depressiýaly näsaglar adatça, keseliň başlanan wagtyny takyk görkezip bilýän bolsalar, Alsgeýmeriň keselinde derdiň başlangyç alamatlary çala bildirip, şeýle bir haýal geçip, ýuwaşlyk bilen beterleýär welin, näsaglar şolaryň döräp başlan wagtyny takyk kesgitläp, görkezip bilmeýär. Depressiýaly näsaglar üçin kongnitiw funksiýalaryň bozulmalarynyň ýüze çykmasynyň bildirişiniň durnuksyzlygynda affektiň durnukly pese düşmegi häsiýetli bolýar. Munuň tersine, Alsgeýmeriň keselinde depressiw bozulmalar durnuksyz we üýtgäp durýan, emma huş bilen akyl-paýhasyň bozulmalary bolsa durnukly hem keseliň haýal beterleşmesi bilen häsiýetlenýär. Mundan-da daşary, Alsgeýmeriň keselinde, köplenç halatda newrologiki alamatlaryň (afaziýa, apraksiýa, agnoziýa we başgalar) ýorite gurallary ulanmak arkaly barlaglar geçirilende bolsa ýöreýşiň bozulmalarynyň we gaýry patologiýalaryň üsti açylýar. Depressiw bozulmalar islendik ýaşda, ýöne köplenç halatda kämillik ýaşyna ýetenlerde ýüze çykýp başlanýan bolsa, Alsgeýmeriň keselinde welin ol diňe ýaşy birçene baranlarda ýa-da garrylyk ýaşyna ýetenlerde döreýär.

Depressiýaly näsaglarda öz ýagdaýynyň çökder özgerýänligi howsalanma döredip, akyl-paýhasynyň bozulyp, özüni başarnyksyz nalajedeýine öwrülip barşy

ünjä goýup aladalandyrýan bolsa, Alsgeýmeriň keseli bilen näsaglanlar özlerinde dörän kognitiw kemislikleri ýaşyrmaga, juda bolmanda kemeldip bassyr-bussur etmäge synanýarlar. Alsgeýmeriň keselinde işdir zähmete bolan gyzyklanma, maşgala bolan garaýyşlardyr aladalanma, daşky keşbine üns berme, gündelik durmuşda özüňi ýerlikli hem salyhatly alyp barma ýaly ynsany bezeýän zatlara gyzygyň gaçmagy kognitiw kemisligiň düýpli peselmegi bilen baglanyşykly bolup, depressiýaly näsaglarda durmuşa bolan gyzyklanmalaryň peselmegi kognitiw kemisligiň beterlemegini çaltlaşdyrýar. Aň-huş bulaşmasy Alsgeýmeriň keselinde köplenç halatda agşamalaryna hem gijelerine döreýän bolsa, endogen depressiýalarda şeýle ýagdaý säher çaglary ýüze çykagan bolýar.

Alsgeýmeriň keseliniň damar demensiýasyndan tapawutlandyrylyp kesgitlenilişi ýaş aýratynlyklary, beýni ýokary gabyk işiniň bozulmalary we akyl-huşuň peselmesi bilen baglanyşykly bolýar. Beýni damar demensiýasynda keseliň başlanyşynyň anyklygy, deslapky geçirilen beýni gan aýlanyşygynyň bozulmasynyň tranzitor «beýni näsazlygyna» getirenliginiň, newrologiki bozulmalaryň göçmeleriniň ýa-da gysga möhletli essiň aýylma epizodlarynyň bolup geçenligine şikaýatlaryň edilmesi häsiýetli bolýar. Beýni damar demensiýasynda keseliň özünde barlygyna bolan hususy düşünje saklanýan bolsa, Alsgeýmeriň keselinde hut özünde dörän kesele bolan tankydy garaýyş diňe keseliň başlangyç tapgyrlarynda bolýar. Alsgeýmeriň keselinden tapawutlylykda damar demensiýasynda damar bozulmalarynyň ösüşiniň ýeke-täk görnüşli birmeňzeşligi (stereotipikligi) bolman, «birsyhly däl alamatlar» diýilýän gaýta-gaýta beterläp, endigan däl ýiti epizodlar görnüşinde geçip biler. Bulardan başga-da, beýni damar demensiýasynda, esasan, beýniniň käbir zolaklarynyň işemiki (ganyň ýeterlik getirilmezliginden) zeperlenmesi bilen baglanyşykly bolan çäkli (lokal) newrologiki alamatlaram köp duş gelýär. Alsgeýmeriň keselini umumy kliniki alamatlary meňzeş bolan Pikiň keselinden tapawutlandyrmak hem belli derejedäki kynçylyklary döredýär. Ýöne Alsgeýmeriň keselinden tapawutlylykda Pikiň keseliniň irki tapgyrlarynda huşuň, ünsüň, ugurtapyjylygyň, hasaplap bilmäniň we akyl işiniň gaýry görnüşleriniň görnetin bozulmalarynyň bolmadyk ýagdaýynda şahs özgermeleriniň göze dürtülme görnetinleri ýüze çykýar. Şol bir wagtda-da oýlanyş işiniň umumylaşdyrma, abstragirleme, tankydy garaýyş ýalylary keseliň başky tapgyrlarynda bozulýar. Pikiň keseliniň irki tapgyrlaryna gürleýşiň bozulmalary has häsiýetli bolýar. Pikiň keselindäki ekspressiw (manyly) gürlemäniň bozulmasynda Alsgeýmeriň keseline häsiýetli bolan söz ýasamak (dizartriýa) we sözleýiş awtomatizmleri ýaly bozulmalary keseliň klinikasynda duş gelmeýär. Pikiň keselinde başda gürleýişdäki getirilýän sözleriň azaldylmasy (ýagny söz baýlygynyň garyplaşmasy), gürlemä bolan meýliň çäklenmesi, gijräk bolsa näsagyň asla gürlemän dymmasy bilen häsiýetllenýän aspontanlyk (öz islegiňdir höwesiň bilen etmezlik) agdyklyk edýär. Ýöne «daşyndan goräýmäge» şeýle

lallyk ýalylykda zoraýakdan gürlenme ýaly ýagdaý peýda bolup, birmeňzeş sözleriň gaýtalanyp durulmasy bilen häsiýetlenip, («durzulan aýlanyşyk») diýilýän ýagdaý döräp biler. Pikiň keseliniň giçki tapgyrlarynda gürläp bilmek funksiýasynyň doly ýitirilmegi (total afaziýa) ýüze çykýar. Şol bir wagtda-da Alsgeýmeriň keseline garanyňda Pikiň keselinde agrafiýalar ýaly alamatlar uzak wagtyň dowamynda çala bildirme görnüşde-de geçip bilýär. Pikiň keseliniň hatda iň soňky aýaklaýjy tapgyrlarynda-da newrologiki alamatlar, şol sanda-da garaguşagyra meňzeş bozulmalar, adatça bolmaýar.

*Bejergisi.* Bejergi geçirilmäniň ambulator (ýeňilräk) tapgyrynda hossarlaryna näsaga dogry seretmegiň tär-usullaryny öwretmek, näsagyň özüni alyp barşyndaky edim-gylymlarynyň käbirleriniň lukmançylyk ähmiýetini düşündirmegine, äsgermezlikdir ýowuzlyk edip ýa-da gaharyny getirmän, müýnlilik ýagdaýyna salmazdan gyzmalykdyr garagollyk etmeleriniň öňüniň alynmagyna esasy üns bermelidigi düşündirilmelidir. Näsagyň hossarlaryna keseliň haýsy tapgyrlarynda dertliniň öýde saklanylmagynyň neplidigi, haçan hassahanada ýatyrylmagynyň bähbitli hem has maksadalaýyklygy düşündirilmelidir. Hassahanada ýatyryp bejerilýän näsag bilen habar gatyşyp, habarlaşyp hem söhbetdeşlik geçirip durmanyň hem ähmiýeti biçak uludyr, çünki psihososial işjeňligiň bolmazlygy dertliniň gaýry üzülip keseliniň beterlemegine getirmegi ähtimaldyr. Näsagyň düşünjesini giňeldip, ugurtapyjylygynyň ýitirilmezligi üçin oňa wagty, onuň häzirki bolýan (ýatan) ýeriniň nirdeligini häli-şindi ýatladyp, hassahanada ýatan wagtynyň möhletini, uzaklygyny, bejergi geçirilşiniň gurnalyşyny, tertip-düzgünlerini, ony gurşaýan töwerekdäki adamlaryň kimligini we bolup geçýän wakalary gaýta-gaýta aýdyp, düşündirip durmalydyr. Oňa ýetirilýän maglumatlar aýdyň hem sada, düşnükli sözler arkaly berlip, näsagy içgin gyzyklandyrýan zatlar barada gürlenilmelidir. Näsagyň gündizlerine uklamagyny azaltma maksady bilen ony gezelenje çykaryp güýmemegiň, ýaramaz täsir edip näsagyň gaharyny getiräýjek, süňňünedir psihikasyna agram saljak daşarky çylşyrymly täze zatlardandyr wakalardan sowarak saklanylmagynyňam ähmiýeti biçak uludyr.

Derman bilen bejermäniň esasy maksady keseli beterledip newrologiki çylşyrymlaşmalara getirýän serişdeleriň az mukdarda ulanylmagyndan ybaratdyr. Derman serişdeleriniň aglabasynyň kognitiw funksiýalary peseldýänligi sebäpli, olaryň birnäçesiniň bir wagtda ulanylmagyndan gaçarak durulmalydyr.

Etiotrop bejergi usullary gümürtigräk, näbelli, adaty newrologiki preparatlaryň (pirasetamyň, aminalonyň) bolsa täsir edişi pes. Soňky ýyllarda Alsgeýmeriň keselini bejermekde neýropeptid häsiýetli bolan derman-serebrolizin, korteksin ulanylýar. Beýnide holinergiki ýetmezçiligiň üstüni doldurmak üçin asetilholinesterazanyň ingibitorlary (amiridin, riwastigmin) peýdalanylýar.

Uky tutduryjy dermanlardan uzak wagtlap peýdalanmak maslahat berilmeýär, çünki olar ugurtapyjylygyň ýitirilmegini güýçlendirip bilerler. Uky bozulmasyny

düzedýän derman hökmünde goşmaça täsiri az ýetirýän uky dermanlaryň az mukdaryny ulansa bolar. Psihotrop preparatlaryň islendigi seresaply ulanylmalydyr, çünki şolar diňe bir beýni işiniň bozulmasyny düzetmän, eýsem, garrylyk ýaşynda farmakokinetikanyň özgermesi sebäpli preparatyň ganda toplanýan mukdarynyň köpelmegine getirip, zäherleýji täsir edýän möçbere çenli ýetirilip bilner. Howsalany ýatyrmak üçin gysga möhletiň dowamynda benzodiazepiniň gysga wagtlaýyn täsir edýäni (alprozolam, diazepam) ulanylsa ýerlikli bolar. Keseliň geçişinde goşmaça depressiw alamatlary peýda bolanda serotoniniň tersine täsir edýän selektiw ingibitorlaryndan peýdalanylsa bolar. Önjeýli psihotiki alamatlar bolanynda neýroleptikleriň (galoperidol, flýuanksol, eglonil) az mukdary berilmelidir. Neýroleptikleriň hatda az mukdarlarynyňam goşmaça ekstrapiramid täsiri ýetirýänliginem unutmaly däldir. Şeýle ýagdaýlarda deliriýniň döremeginiň öňüni almak üçin düzediji dermanlaryň (siklodol) berilmesi çäklendirilmelidir.

**Kelle beýni damarlarynyň zeperlenmegi netijesinde döreýän demensiýalar. Epidemiologiýasy.** Damar demensiýasy 60-75 ýaşlylarda ýüze çykyp, garrylyk ýaşyna ýetip demensiýadan ejir çekýänleriň 10-15%-de duş gelýär. Damar demensiýasy aýallara garanyňda, erkeklerde has köp duşýar.

**Etiologiýasy.** Demensiýanyň döremeginiň sebäbi köp halatlarda beýniniň ortaky damarlarynda döreýän infarkt keselleridir (beýni aterosklerozy, gipertoniýa keseli). Şonuň netijesinde beýni dokumasynyň giň sebitinde nekroz we köp sanly zeperlenmeleri döreýär. Zeperlenmeler çäklendirilen görnüşlerde, şeýle-de beýniniň çäklerinden daşarky damarlarda-da tromboemboliýalaryň emele gelmegi bilen hem şertlendirilip bilner.

**Klinikasy.** Damar demensiýaly näsaglaryň aglabasyna asteniýa, psihiki hadysalaryň rigidliligi (doňmagy-işewürliginiň çeýeligi ýitirilip dörän ýagdaýlara, gerekli pursata baglylykda bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa geçmesiniň kynlaşmasy), haýallamasy we şolaryň durnuksyzlanyp, hereketlenmesiniň göçgünlenmesi häsiýetli bolýar. Şonuň bilen bir hatarda-da geçen we geçip duran wakalary ýatda saklamanyň we pikirlenme ukybynyň peselmesi, pikirleriniň okgunlylygynyň haýallamasy bilen häsiýetlenýän akyl-huş (mnestiki-inellektual) bozulmalary ýüze çykýar. Damar demensiýasynda Alsgeýmeriň ýa-da Pikiň keselleriniň soňky tapgyrlaryna häsiýetli bolan psihikanyň çuňňurdan total bozulmagyna seýrek halatlarda ýetirilýär. Damar demensiýasyna ýagdaýyň durnuklylygynyň uzaklygy häsiýetli bolup, käbir halatlarda bolsa demensiýanyň ýüze çykyp, mnestiki-intellektual bozulmalaryň dikeldilmesiniň derejesi üýtgedilip, özgerdilmesine-de getirýär.

Damar demensiýasynyň kliniki keşbi biçak köpgörnüşlilik bilen tapawutlanyp, beýniniň damar zeperlenmesine häsiýetli bolan alamatlardan daşary, özge görnüşleri hem duş gelýär. Damar demensiýasynyň şeýle köp dürli görnüşlerde ýüze çykmagy diňe bir beýnidäki zeperlenen ojaklaryň pytraňňy ýerleşmesi bilen tapawutlanman,

eýsem, demensiýanyň kemala gelmesiniň aýratynlyklarynyň ýüze çykyşy bilenem şertlendirilýär.

Mnestiki-intellektual işiniň peselmesiniň we keseliň gaýry alamatlarynyň ýüze çykyp bildirişiniň aýratynlyklaryna baglylykda damar demensiýasynyň birnäçe görnüşi duşýar.

**Dismnestiki (parsial) kemakyllyk** huşuň we emosional sferalarynyň has agyr patologiýasy, ýöne mnestiki funksiýalaryň bozulmasynyň yza galyp gijikmesi bilen ýüze çykýar. Bu näsaglar uzak wagtlap edim-gylymlaryndaky sosial-etiki (edep-ekramlylyk) häsiýetlerini ýitirmän saklaýarlar. Huşuň bozulmalary täze materialyň ýatda saklanylmagynyň, hakydada dikeldilýän faktorlaryň hronologiki (haýsy wagtda) geçişiniň yzygiderliliginiň kesgitlenilmesi, soňra bolsa şolaryň umumy dikeldilmesem kynlaşýar. Mnestiki bozulmalar beterleşdigiçe psihiki hadysalaryň çeýelikli özgermesiniň peselmegi netijesinde agyrlaşdyrylýan pikirleniş hadysasy akyl-huşy peseldip, döredijilige bolan mümkinçilikleri ýaramazlaşdyrýar. Ünsüň dargap, şonuň jemlenilip belli bir zada gönükdirilmesi kynlaşyp, gerimliligi daralýar, ynjyklykdyr girriklik peýda bolup, kelebiniň ujuny ýitiren näsag aljyraňňylyga düşýär. Näsaglar ejizläp, gözüne ýaş aýlap duran ýürekýukalykdan örän tiz gamgynlyga, gynanja geçip, bolgusyz zatlara gülüp, ujypsyz zatlar sebäpli hapa bolup, gözlerini ýaşardyp hamsygyp durýarlar. Köplenç halatda, emosiýalaryň durnuksyzlygy bilen häsiýetlenýän demensiýanyň gipertenziw formasyndan tapawutlylykda, demensiýanyň aterosklerotiki görnüşinde, adatça, ýüregi ýukalyk alamaty has göz-görtele bildirýär. Şonda näsaglar uzak wagtyň dowamynda sosial aragatnaşyklaryň bolmagyny küýsäp, şoňa bolan talabyny, sosial-etiki (edep-ekramly) edim-gylymlarynyň saklanylma mümkinçiligini ýitirmeýärler-de, hatda özündäki dörän akyl ýetmezçiligini tankydy garaýyşdan bahalandyrmaga-da ukyply bolup, şoňa ýerlikli emosional jogap berme arkaly çemeleşmesinem saklaýarlar. Damar demensiýasynyň şeýle görnüşlisinde şahsda gödek özgerişler bolup geçmän, onuň özeni özgerdilmän saklanylýar. Wagtyň geçmegi bilen keseliň agyrlaşmasy sebäpli alnan bilim-düşünjeleriň gory azalyp, hünärmenlik hem gündelik durmuşda alnan endikler ýitireňkirlenip, oýlanma derejesi, pikir öwrülişde dogry netijeleri, arifmetiki hasap-hesipleri çykaryp bilmek ukyplary ýitirilýär-de, ýöne töwerekleýän zatlardyr ýagdaýlardan ugur tapyp, baş alyp çykma, özüniň kimligini bilme ukyplary welin ýitirilmän saklanylýar. Kemakyllygyň şeýle görnüşlisi damar demensiýaly näsaglaryň üçden ikisinde diýen ýaly duş gelýär.

**Amnestiki kemakyllyk** beýni gan aýlanyşygynyň ýiti bozulmasyndan, ýiti damar psihozlaryň başlanyndan soňra döreýär. Munuň kliniki keşbinde birinji nobatda ugurtapyjylygyň ýitirilmegi bilen geçýän funksional hem anterograd (kesellenileninden soňky bolup geçen zatlaryň ýatdan çykarylmagy) amneziýalar we epizodiki konfabulýasiýalar (ýalan ýatlamalar) ýaly huşuň gödek bozulmalary ýüze çykýar. Korsakowyň sindromyny formirleýän şeýle alamatlar beýni ateroskler-

zyna garanyňda gipertoniki keselde has aýdyň görnüşde bildirip, görnetin ýüze çykýar. Näsaglaryň keýpinde ýürekýukalyk, hoşamaýlyk, özüni alyp barşyndaky edim-gylymlarynda mysapyrlyk, okgunsyzlyk agdyklyk edýär. Oýlanyş hadysalary bilen öz hususy ýagdaýyny tankydy garaýyşly bahalandyryp bilmek az derejede bozulýar.

**Psewdoparalitiki kemakyllyk.** Işemiki mikroojaklaryň döremegi sebäpli, esasan, beýniniň sag ýarymşarynyň maňlaý bölümleriniň zeperlenmesi netijesinde ýüze çykýar. Bu ýagdaý logiki oýlanmanyň, netije çykarylyp, belli bir karara getirýän pikirleriň emele getirilmesiniň gödek bozulmalary, oýlanyşyksyz edilýän edim-gylymlarynyň hut özünde, şeýle-de dörän umumy ýagdaýa tankydy garaýşyň umumy ýitirilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bozulan keýpiň birmeňzeş perwaýsyzlykly bigamlygynda şahsyň özeniniň häsiýetleriniň ýoýulmasy ýüze çykýar.

Soňra huşuň bozulmalary ýeňilräk ýagdaýda geçip, dismnestiki görnüşde bolan tutuşlaýyn (diffuz) häsiýete eýe bolýar.

**Asemiki kemakyllygyň** döremegi beýniniň çepki ýarymtogalagynyň çekge-süýrdepe-ýeňse, ýa-da maňlaý bölümine degişli arteriýalarda gaýta-gaýta döreýän uşak emboliýalaryň netijesinde işemiki ojajyklaryň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Onuň klinikasynda mnestiki bozulmalaryň döremeginde beýniniň daşky gatlagynda Alsgeýmeriň ýa-da Pikiň keselleriniň häsiýetlerini ýatladýan alamatlaryň (afaziýanyň, apraksiýanyň, aleksiýanyň) peýda bolmagydyr. Ýöne asemiki kemakyllygyň şu kesellerden özüniň ýiti başlaýşy, ýokary beýni funksiýasynyň we mnestiki-intellektual bozulmalaryň barha beterleşmesiniň okgunlylygy we keseliň umumy geçişiniň howplulygynyň pesräkligi, newrologiki alamatlaryň ýeňilräkligi bilen tapawutlanýar. Bu akyl peselmesiniň şeýle görnüşlisiniň seýregräk duşýanlarynyň biridir.

*Kesel kesgidi.* Damar demensiýasynyň kesgidi goýlanda, onuň kliniki suratlandyrylyşynda demensiýanyň ýüze çykyp bildirişiniň umumy alamatlaryndan başga-da aşakdakylar hem bolmalydyr:

1) aýry-aýry kognitiw funksiýalaryň bozulmasynyň bildirilişinde gyradeňsizligiň bolmagy;

2) aşakda görkezilen ojaklaýyn özgerişleriň bolmanda biriniň bar bolmagy: a) el-aýagyň birtaraplaýyn spastiki gemiparezi; b) siňir refleksleriniň birtaraplaýyn ýokarlanmagy; w) Babinskiniň refleksiniň ýüze çykmagy; g) psewdobulbar paraliçi;

3) anamnezde serebrowaskulýar (beýni-damar) bozulmalary baradaky maglumatlaryň bolmagy.

Goşmaça alamatlara: gipertenziýa, karotid damar sesi, emosional durnuksyzlyk, keýplilikden depressiwlige geçmek, aglamak ýa-da joşgunly gülmeklik, soňundan aň-huşy göçme garaňkyramasynyň epizodlary ýa-da deliriýniň ýüze çykmasyna ýerli infarkt sebäp bolup biler.

Munda şahsyň aýratynlyklary ýitirilmän saklanýar diýlip hasaplanýar. Ýöne käbir halatlarda apatiýanyň ýa-da şahsyň egosintrizm, paranoidlilige meýillilik ýa-da ynjyklyk görkezmek ýaly deslapky gylyk-häsiýetleriň ýüze çykyşynyň haýallamasy ýa-da janlanyp güýjäp başlamasy ýaly alamatlaryň peýda bolmasy şahsy özgerenliliginiň görnetin nyşanlary hökmünde hyzmat edip biler.

Kesgidiň tassyklanylmagy beýni gabygynyň we ondan aşaky düzümleriň sebitlerinde ýek-tük ýa-da köpsanly ululy-kiçili infarktlaryň, şeýle-de beýniniň damar ýetmezçiligi bilen häsiýetlenýän gaýry zeperlenmeleriň üsti kompýuter-tomografiki barlaglary geçirme arkaly alynýan goşmaça maglumatlar bilenem doldurylyp bilner. Damar demensiýasynyň kesgidiniň goýulmagynda kompýuter-tomografiki barlaglaryň beýniniň damar zeperlenmesi baradaky görkezen netijeleriniň ähmiýeti diňe kliniki maglumatlar bilen deňeşdirme geçirilenden soň aýdyňlaşýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Damar demensiýasy birinji nobatda Alsgeýmeriň keselinden tapawutlandyrylmalydyr. Damar ýetmezçilikli akyl peselme demensiýanyň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda asteniýa alamaty hasam göz-görtele ýüze çykyp, näsaglaryň şahslary uzak wagtlap üýtgemän bir durşuny saklaýar. Akyl peselmäniň geçmeginde huşuň bozulmalarynyň ýüze çykýan ýerlerem seýrek däl. Keseliň damar ýetmezçiligi sebäpleriniň peýdasyna näsagyň psihiki ýagdaýynyň «bir gowy, bir erbet» bolup durmagy güwä geçýär. Damar ýetmezçilikli akyl peselmäni beýleki demensiýalardan tapawutlandyrmak üçin barlag geçirilende somatonewrologiki alamatlaryň we beýniniň kompýuter-tomografiki derňewleriniň beren netijeleriniň maglumatlary hasaba alynmalydyr. Mundan-da başga, damar ýetmezçilikli akyl peselmesine kognitiw kemisligiň beterläp ösmeginiň wagtal-wagtal kesilip, soňra ýene güýjemesi, ojaklaýyn newrologiki alamatlaryň has äşgär ýüze çykyp geçmesem häsiýetlidir.

*Bejergisi.* Damar patologiýasynyň (beýni aterosklerozy, gipertoniýa keseli) bejergisiniň keseliň irki tapgyrlarynda başlanmasy, onuň beterläp agyrlaşmasynyň öňüni alyp, näsagyň ýagdaýynyň gowulandyrylmagynda ähmiýeti diýseň uludyr. Beýni gan aýlanyşygynyň gowulandyrylmagy üçin damar giňeldiji (kawinton, sinnarizin, ksantinol nikotinaty, tanakan we başg.) dermanlar berilýär. Beýni gan aýlanyşygynyň bozulmasynyň öňüni deslapdan almak üçin bolsa aspiriniň 100-200 mg möçberini günde 1 gezek uzak wagtlap içmek maslahat berilýär. Beýni aterosklerozynda lipidleriň alyş-çalşygyny ugrukdyryp endiganlaýan preparatlar (klofibrat, lipostabil we başg.) berlip, gipertenziýa bilen utgaşanynda bolsa gipotenziw (gan basyşyny peseldýän) serişdeler berilýär. Adaty bolan nootroplar (pirasetam) keseliň diňe irki tapgyrlarynda gowy täsir edýär. Pirasetamyň göterilişiniň kynçylygy ýüze çykanynda has täsirli neýrotrop (serebrolizin, korteksin) dermanlaryň berilmegi has hem maksadalaýykdyr. Ukusyzlygyň we goşmaça dörän psihozlaryň bejerilmegi üçin psihotrop simptomatiki serişdeleriň az möçberleri berilmelidir. Özüni alyp barşynyň, edim-gylymlaryň bozulmalary ýüze çykanda,

olaryň düzedilip dogry ýola ugrukdyrylmagy üçin, şeýle-de karbamazepin, sonapaks, kadaly ukyny ýola goýmak üçin bolsa hlorprotiksen, imowan, nozepam, lorazepam ýaly dermanlar bellenilýär.

**Pikiň keselinde döreýän akyl kemisligi. Pikiň keseli** beýniniň atrofiki hadysalary bilen geçýän, akyl kemisligine eltýän özboluşly keseldir. Pikiň keselinde döreýän akyl peselmesiniň ýygjamlygy Alsgeýmeriň keselinden 4-5 esse köp duşýanlygy baradaky maglumatlar bar. Şu kesel bilen ejir çekýänleriň arasynda aýallaryň biraz känligine garamazdan, şeýle agdyklygyň durmuşdaky ähmiýeti kän bir uly däl.

*Etiologiýasy we patomorfologiýasy.* Atrofiki hadysalaryň ulgamlaryny döredýän sebäpleriň kesgitlenilişiniň kynlygy ýaly, Pikiň keseliniň döreýşem heniz doly anyklanylmanlygynda galýar. Pikiň keseliniň döreýşine nesil yzarlaýşyň dahyllygy baradaky gapma-garşylykly pikirlerem ýok däl. Ýöne Pikiň keselindäki beýni patologiýasynyň ösmegi babatdaky pikirlerde öýjük derejesindäki genetiki hadysalaryň bozulmalaryny, şonuň netijesinde-de madda çalşyga ilkinji nobatda-da, protein sinteziniň özgerdilmegine uly orun berilýär. Proteinleriň funksiýasynyň ýetmezçiliginiň netijesinde mikroelementleriň transportirlenmesi we fermentleriň sintezi bozulýar. Pikiň keselinde beýniniň käbir sebitlerinde sinkiň mukdarynyň köpelenligi ýüze çykarylyp, onuň bilen hem öýjükdäki energiýa çalşygynyň bozulmasy, neýrotransmitterleriň we reseptorlaryň funksiýalarynyň özgermesi bilen baglanyşdyrylýar. Gistologiki taýdan beýniniň maňlaý, seýregräk çekge bölümlerinde güýçli atrofiýanyň geçmeginiň usti açylyp, beýni üstüniň atrofiýadan zeperlenen ýerleri gataňsylanylmagy we gasynlar baglanlygy bilen tapawutlanýar. Atrofiýa, diňe beýniniň daşky gabygyny zeperlemän, eýsem onuň astynda ýerleşýän ak maddasyny hem zaýalaýar, ol hem beýniniň çal we ak maddasynyň aralygyndaky çäklendirilmäniň mümkinçiligini ýitirip, olaryň biri-birinden aýyl-saýyl edip, tapawutlandyrylmasyny kynlaşdyrýar. Parenhimanyň (bedeniň haýsydyr bir agzasynyň ýumşak dokumasy) zeperlenip, ýuwaş-ýuwaşdanam ýok edilmegi bilen bir hatarda süýümli gliýanyň (birleşdiriji nerw dokumasynyň) has ösmegi, lipofussiniň çöküp toplanmasy, aýry ýagdaýlarda suwuklygyň jemlenip üýşmesi ýaly hadysalaram bolup geçýär. Köplenç halatda, atrofiýa beýniniň daşky gabygynyň iň üstünde (ýokary üç hatarynda) geçip, adatça, şolardan aşakda ýerleşýänleriň käbiri zeperlenmän, belli bir derejede abatlygyna saklanylýar.

*Klinikasy.* Kesel 50-70 ýaş aralykdakylarda döreýär. Başlangyjy 55-58 ýaş. Keseliň geçişiniň möhletiniň uzaklygy ortaça hasapdan alnanda alty ýyla çekýän, hut şu ýagdaýam Pikiň keseline uçranlaryň beýnisinde dörän atrofiki hadysanyň Alsgeýmeriň keseline garanyňda has tiz geçýändigini aňladýar.

Adatça, kesel ýuwaş-ýuwaşdan ýüze çykýar. Pikiň keseli-de demensiýa häsiýetli bolup, şuny gartaşan döwrüň (presenil) kemakyllygynyň beýleki görnüşlerin-

de tapawutlandyrýan aýratynlyklary keseliň başlangyç tapgyrlarynda ýüze çykyp, ýuwaşlyk bilen bildirip başlaýar. Şolar ilkinji nobatda keseliň kliniki keşbinde ýüze çykýan şahsyň çuňňur özgermesi, akyl-paýhas işiniň has çylşyrymlylarynyň gowşama alamatlarynyň uzak möhletiň dowamynda saklanmagy bilen häsiýetlenýär.

Akyl-paýhasyň «hünärmenlik serişdeleri» diýilýän funksiýalary, şeýle-de ýatkeşlik, üns ugurtapyjylyk we psihiki işiň awtomatizirleşdirilen görnüşleri, meselem, hasap çykaryp bilmek we ş.m. az derejede bozulýar.

Ýöriteleşdirilen has ýokary hem çylşyrymlaşdyrylan şahsy aragatnaşyklar bilen maksada laýyk gönükdirilenlik bozulyp, ilkinji nobatda näsagyň gylyk-häsiýetleriniň özgermesi ýüze çykýar. Şonuň bilen bir hatarda-da oýlanyşyň önjeýliligidir çeýeligi ýuwaş-ýuwaşdan peselip, bolup geçýän täze zatlary aňşyryp, şolara dogry düşünmek we has çylşyrymly, inçeden nepis zatlaradyr ýagdaýlara tankydy garaýyşly çemeleşip bahalandyryp bilmek, pikirlenişiň we yzygiderli tertipde goýluşyň, belli bir netije çykarýan pikire gelinme, pikirleri jemläp umumylaşdyrma hem-de gaýry akylly-başly, paýhasly işleridir hereketleri amala aşyrma ukyplary ýitirilýär. Başgaça aýdylanda, Pikiň keselinde göýä kemakyllygyň ösmeginde akyl-paýhasyň, düşünjeleriň ýoýulmasy «ýokardan aşaklygyna» peselip, has çylşyrymlydyr inçelerinden we ýöriteleşdirilenlerinden başlanyp, soňra ýöntemräk hem awtomatizirleşdirilen (adaty endiklere öwrülenlerinden) sadalary saklanyp galýar.

Şahsyň keseliniň başky tapgyryndaky özgermesi, esasan, atrofiki hadysanyň ornaşan ýerine bagly bolýar. Atrofiýa maňlaý bölüminiň polýusynyň aglaba ýerini tutup, ornaşanda hereketsizlik, gowşaklyk we aspontanlyk ýaly alamatlar ýüze çykyp, olar hem ýuwaşlyk bilen badygyp beterleýär. Apatiýa, emosional küteklik ýüze çykýar. Şonuň bilen bir wagtda gürlenilende sözleriň getirilip ulanylyşynyň garyplaşdyrylmasy güýçlenip, pikirlenme hem motorika (hereketlenme) peselýär. Beýniniň frontal-orbital (maňlaý-göz) sebitleri zeperlenende isleg-küýsegleriň, aýratyn hem jynsy gatnaşyk işine bolan hyjuwyň artmagy, ýuwaş-ýuwaşdan aralyklaryň duýluşynyň peselmegi, uýat-haýanyň, salykatlylygyň, ahlak edep-ekramlylygyň, erk-ygtyýaryňy diňe belli bir derejede saklap bilmek, tagaşyksyzdan kütek eýforiýanyň agdyklyk etmegi, kähalatlarda bolsa duýgularyň joşgunlanylyp saklanyp bilinmezlik derejesine ýetirilmegi (ekspansiwlik), okgunly bolan duýdansyz, kähalatlarda hatda howply bolan çakgan hereketlere ýüz urmaklyk, tankydy garaýyşsyzlyk bilen häsiýetlenip, erk-ygtyýary gowşadýan psewdoparalitiki sindrom döreýär.

Demensiýanyň ösüşiniň başky tapgyrlarynda näsaglar başyna baran işlerini amala aşyrmany başarman, şolaryň çylşyrymlylaryndan ýöntemlerine geçýärler. Olaryň zähmet öndürijiligi peselip, haýal-ýagal, göwünli-göwünsiz, harsal işleýärler. Olar lellerip gowşaýarlar, hereket-gymyldylaryny azaldýarlar, galdaw-

lyklary peselip, töwerekde bolup geçýän zatlaradyr wakalara biparh garap, hiç bir zada gatnaşmaýarlar ýa-da tersine, howsala düşüp manysyz hereketlere ýüz urýarlar, özlerini ýerliksiz, bolgusyz, samsyklaç hem tagaşyksyz alyp baryp, öz-özüni söýýän, diňe öz bähbidini araýan ýekemene öwrülýärler. Şeýle özgerişleriň käbirisi töwerekdäkilere «näsagyň huşy, ýatkeşligi peselipdir, ugur-utgasyny ýitiripdir» diýdirýär. Hakykatdanam näsaglar ünsüni jemläp bilmeýärler, hiç bir zat bilen gyzyklanmaýarlar, gündelik durmuş, gelejek barada aladalanmaýarlar. Olaryň durmuşa hiç hili höwesi bolmaýar. Bu ýagdaý ýörite psihopatologiki barlaglar (testler) geçirilip, huşuň hem ýatda saklap bilmek ukyplaryň peselýänliginiň üstüniň açylanlygy arkaly tassyklanylýar.

Keseliň dyngysyz beterläp agyrlaşmasy demensiýanyň başda ýüze çykan alamatlarynyň barha agyrlaşmagyna getirýär.

Akyl-paýhas gitdigiçe peselip, ýatkeşlik kütelýär, ugurtapyjylyk ýitirilýär. Netijede psihiki işleriň uçdantutma barynyň hem galdawlygynyň biçak agyr peselmesi bilen häsiýetlenýän agyr kemakyllyk döreýär. Ýöne her niçik hem bolsa tutuşlaýyn bolan şeýle agyr kemakyllygyň döremegine garamazdan, näsaglaryň aglabasynda ýönekeýje (elementar) ugurtapyjylyk, käbir ýönekeý zatlary ýatda saklap bilmek ukyby uzak wagtlap bozulman saklanýar.

Pikiň keseline häsiýetli bolan ýagdaýlardan beýniniň daşky gatlagynyň ojaklaýyn bozulmalaryny hem mysal getirse bolar. Pikiň keselinde ýüze çykyp bildirýän ojaklaýyn bozulmalaryň arasynda has uly ähmiýete eýe bolanynyň gürleýiş bozulmalarydygy hem jedelsizdir. Gürleýşiň bozulmalary näsaglaryň ählisinde duş gelip, ol keseliň ýüze çykýan alamatlarynyň iň irkileriniň biridir. Keseliň giçki tapgyrlarynda hemişe diýen ýaly gürleýiş funksiýalary doly bozulyp, ahyrky netijede total afaziýa (doly gürläp bilmezlige) getirýär. Şu ýagdaýlaryň aglabasynda sözleýşiň başky bozulmalary gürleýişde ulanylýan sözleriň azaldylyp, ýuwaş-ýuwaşdan şonuň gorunyň garyplaşdyrylmagyna we gürleýişde stereotipiýalaryň (birmeňzeş sözleriň gaýtalanmagyna) döremegine getirýär. Zeperlenmeler, esasan, beýniniň maňlaý bölüminde bolup geçeninde näsaglarda gürlemä bolan islegdir-galdawlyk peselip, şol aspontanlyk derejesine ýetirilýär. Şonuň bilen bir hatarda näsaglarda özboluşly «gürlemezlik» häsiýeti hem peýda bolýar. Ýöne «daşyndan göräýmäge» şeýle ýaly ýa-da «başlangyç lallyk» diýilýän ýagdaý keseliň giçki tapgyrlarynda zoraýakdan gürlenilmä, ýa-da aýdym aýdylmagyna getiräýmeginiň mümkinçiligem inkär edilmeýär. Beýniniň maňlaý-çekge bölümleri zeperlenende ýokarda getirilip görkezilen sözleýişde ulanylýan sözleriň azaldylyp, gürrüňiň guraksyzlaşdyrylmasyndan daşary amnestiki hem sensor afaziýalaram ýüze çykýar. Gürleýşiň bozulmalary çylşyrymlaşyp, stereotipiýalaryň we gürrüňiniň owadanlaşdyrylmagynyň, manylylygynyň ýitirilýän bozulmalaryna-da getirip biler. Pikiň keselindäki gürleýşiň ýoýulmagy eholaliýalar, ýagny eşidilýän şol bir sözleriň ýa-da sesleriň gaýtalanyp durulmasy bilen hem geçip

biler. Adatça, näsaglar diňe özlerine ýüzlenip aýdylýan sözleri, gürrüňleri gaýtalaýarlar. Gürleýşiň garyplaşmasynyň beterlemesi edilýän gürrüňlerde sözleýiş stereotipiýalarynyň döräp, şolaryňam keseliň giçki tapgyrlarynda köp halatda gürleýşiň ýeke-täk ýöredilýän «togtadylan aýlawlandyrmalar» diýilýänine getirýär. Pikiň keselindäki afaziýa, aleksiýa we akalkulýasiýa ýaly beýniniň daşky gabygynyň zeperlenmesinden döreýän bozulmalar, sözleýiş bozulmalaryna garanyňda, olarda çalarak bildirip geçýär. Okap bilmekligiň bozulmasynda (aleksiýada) sesli okap bilmek ukybynyň saklanylmagy bilen häsiýetlenýän hem bolsa, okalan zadyň manysyna düşunip bilmezlik ýagdaýy barha beterleýär. Hat üsti bilen ýazylyp aýan edilýän sözleýşiň bozulmalarynda stereotipiýalar agdyklyk edýär, bir sözi köp gezek gaýtalap ýazmak, ýagny «ýazuw stereotipiýasy», şeýle-de söz baýlygynyň garyplaşmasy, agrammatizmler (sowatsyz ýazylmak) peýda bolýar. Praksiki alamatlar giç peýda bolup, adatça Alsgeýmeriň keselinde duşýan agyr görnüşine getirýär.

Gaýry atrofiki hadysalara garanyňda Pikiň keselinde psihotiki bozulmalar seýrek duş gelýär. Köplenç halatda psihotiki bozulmalar keseliň başky tapgyrlarynda döräp, juda agyr bolmadyk paronoýal sindromyň, seýregräk paranoid ýa-da gallýusinator-paranoid alamatlaryň görnüşlerinde ýüze çykýar.

Şondaky alamatlar toplumy dörän kemakyllygy beýan edip, näsagyň hakyky ýagdaýyny suratlandyrýar. Meselem, aýdylan paranoid biçak birmeňzeşligi, söz baýlygynyň ýeterliksizligidir aýdylýan zatlaryň samsyklaçlygy bilen tapawutlanyp, gürleýşiň bozulmagy beterleşdigiçe togtadylan aýlawlandyrylmalara öwrülýär, ýagny birmeňzeş äheňde gaýtalanýan manysyz sözleýiş görnüşine geçirilip, aýdylyşy adaty ynamlylyga ýetirmedik, näsag üçin ähmiýeti bolmadyk gürlenilişe öwrülýär.

Käbir halatlarda Pikiň keselinde tutgaý görnüşindäki özboluşly paroksizmler döräp, olar hem Alsgeýmeriň keselinde duşýan garaguşagyra meňzeş tutgaýlardan biçak tapawutlanýar. Pikiň atrofiýasyndaky tutgaýlar skelet muskullarynyň paroksizmal gowşamasy, aňyň doly däl öçürilme ýagdaýynda myşsa tonusynyň özboluşly görnüşde ýitirilmesi bilen ýüze çykýar.

Newrologiki bozulmalaryň häsiýetlisi hökmünde beýniniň gabyk asty merkezlerine atrofiki hadysalaryň ornaşandygyny görkezýän amiostatiki (parkinsonpisint) sindromlar alynsa bolýar. Seýregräk halatda ekstrapiramid giperkinezler we spastiki gemiparezler ýüze çykýar.

Pikiň keseliniň aýaklap getirýän netijesiniň soňlaýjy ýagdaýy Alsgeýmeriň keseliniň ölümiň öňüsyrasyndaky terminal ýagdaýyna has meňzeş bolýar. Alsgeýmeriň keselindäki ýaly munda-da tutuşlaýyn kemakyllyk dörap, sözleýiş doly ýitirilýär, praksiki we gnostiki bozulmalaryň äşgär ýüze çykan görnetinleri, şolaryňam soňky netijede marazma (aňkaň aşyp lagşan saňsarlyga) getirip, näsagy kömege mätäç adama ejize öwürýär.

*Kesel kesgidi.* Demensiýada hökmany bolan umumy kriteriýalardan (delilliklerden) daşary, şeýle alamatlar ýüze çykmalydyr: 1) akyl-huşuň peselmesi barha beterleşme bilen geçip, ýuwaşlyk bilen başlanmaly; 2) aşakda getirilip görkezilen maňlaý alamatlaryny kesgitleýänleriň bolmanynda ikisiniň bolmagy: a) emosional kütelme; b) özüňi sosial alyp barşyndaky edim-gylymlaryň gödeňsilenmegi; ç) erk-ygtyýaryňa buýrup, hereketleriňe gözegçilik edilip özüňi eliňde saklap bilmezlik; d) apatiýa ýa-da ynjalyksyzlyk; e) afaziýa. 3) keseliň başky tapgyrlarynda huşuň, beýni gabygynyň süýrdepe sebitleriniň funksiýalarynyň biraz saklanylmagy bolýar.

Näsaglara kompýuter-tomografiki barlaglar geçirilme arkaly beýniniň aglaba maňlaý hem çekge bölümleriniň alynky bölümindäki maddasynyň beýni atrofiýasynyň geçýänligininňem üsti açyldy.

*Bejergisi.* Häzirki wagtda Pikiň keselini bejermekde täsirli usul, derman serişdeleri ýok diýen ýaly. Göz-görtele bildirip ýüze çykýan psihotiki bozulmalarda neýroleptikleriň goşmaça täsir ýetirmeýänleriniň az mukdarlary ulanylýar. Akyl-huşuň zeperlenip, peselmesiniň tiz geçýänligi hem şahs özgermeleriniň gödeňsi bolup, näsagyň özüni alyp barşy özgerip, edim-gylymlaryny tagaşyksyzlanyp, kähalatlarda howply derejä çenli ýetýänligi sebäpli, näsaglar hassahanada ýatyrylmalydyr.

**Gentingtonyň keselindäki akyl kemisligi (demensiýa).** *Epidemiologiýasy.* Gentingtonyň horeýasy seýrek duşýan keselleriň biridir. Ýöne onuň ýaýraýşy baradaky maglumatlaryň birmeňzeş bolmazlygy belli bir derejede kynçylyklary döredýär. Onuň ýaýraýşyny kesgitlemekligiň döredýän kynçylygy, kesellänleriň köpüsiniň hassahana girmän galmagyna, olaryň lukmanyň gözegçiliginden sowa düşmegine, bardyklarynyň bilinmän hasaba alynmazlygynda galýar. Geçirilen barlaglaryň köpüsiniň berýän maglumatlaryna görä, keseliň ýaýraýyş derejesini görkezýän netijeler 100 000 adamdan 4-8 adamyň bu kesel bilen keselleýänligini tekrarlaýar. Keselleýänleriň jynsy babatdaky geçirilen barlaglaryň berýän maglumatlary erkek bilen aýallaryň şu kesele uçraýanlarynyň sanynyň biri-birinden känbir tapawutlanmaýanlygyny görkezýär. Keselleýänleriň ýaş toparyna degişliligi barlanyp görlende, onuň 40-60, kähalatda ondanam ir ýaş aralykdakylaryň näsaglaýandyklary aýan edildi. Dert köplenç halatda, 43 ýaşlarda başlanyp, hut şu ýagdaý keseliň Alsgeýmeriň we Pikiň kesellerinden has ir başlanýanlygyna güwälik edýär.

*Etiologiýasy we patogenezi.* Kesel nesil yzarlap, autosom dominant geniň ýeke-täk biriniň geçirilmesi bilen şertlenýär.

Gentingtonyň horeýasy geljekki nesilleriň köpüsiniň üsti arkaly nesilden-nesle gönümel geçýär. Ýöne bu kliniki hem patologoanatomiki taraplardan «nesil yzarlanmaýan» görnüşlisem seýrek halatlarda duş gelýär.

Patomorfologiki taýdan beýniniň maňlaý bölümleriniň we bazal düwünleriniň, aýratynam guýruk özeniniň giň sebitinde degenerasiýa geçýänliginiň hem üsti

açyldy. Neýrohimiki tarapdan gamma-oksiýag kislotasynyň neýtrotransmitteriniň ýetmezçiliginiň ýüze çykarylmasy esasynda kesel üzül-kesil gutarnykly kesgitlenýär. Atrofiki özgerişleriň, keseliň tebigatynyň nesil yzarlaýjylygy we şonuň gaýry atrofiki-regeneratiw hadysalar bilen utgaşmasynyň, köplenç, ulgamlaýynlygy Gentingtonyň horeýasyny ulgamlaýyn atrofiýalaryň hataryna girizmäge mümkinçilik berýär.

*Klinikasy.* Gentingtonyň horeýasy aýdyň premorbid özgermeleriň esasynda ýüze çykyp, 2 topar psihiki defektlere (şahsyň özgermesi we akyl ýetmezçiligi) girýär. Ýöne barlag geçirenleriň käbirleriniň pikiriçe, kesellenilmezden deslapky aýratynlyklarynyň dogabitdi kemisligiň alamatymy ýa-da eýýäm başlanan keseliň alamatylygy welin aýdyňlaşdyrylman, düşnüksizligine galýar.

Gaýry atrofiki kesellerden Gentingtonyň horeýasy öňi bilen keseliň alamatlarynyň gerim alşynyň dürli yzygiderlikde geçýänligi bilen tapawutlanýar. Şol tapawutlanmalar birinji nobatda horeatiki we psihiki bozulmalaryň yzygiderliligine degişlidir. Köplenç halatda horeatiki giperkinez psihiki özgermelerden öň bolýar, ýöne keseliň akylyň kütelmegi ýa-da şahsyň psihopatkysmy özgermeleri bilen başlanýan ýerlerem seýrek däl. Gaýry presinil atrofiki hadysalara garanyňda Gentingtonyň horeýasyndaky demensiýa, köplenç halatda geçişiniň haýallygy we progrediýentliliginiň (beterlemesiniň) pessaýlygy bilen häsiýetlenip, näsaglaryň aglabasy köp ýyllaryň dowamynda ýa-da hatda hemişeligem psihiatriki hassahanalaryň çäklerinden daşarda galýar. Hut şu sebäpli hem näsaglaryň köpüsi hassahana giç ýerleşdirilýär. Kemakyllyk ýuwaş-ýuwaşdan beterlemegi sebäpli gündelik iş-aladalaryň käbirlerine belli bir derejedäki uýgunlaşyp bilmek ukyplary saklanyp, çylşyrymly bolmadyk öwrenişilen işleri amala aşyrmaga bolan mümkinçilikler saklanyp galýar. Adatça, näsaglar uzak wagtlap özleriniň kimliginidir niredeligini bilip, töwerekleýän zatlardan ugur tapyp baş alyp çykmany, öz-özlerine hyzmat etmäni, dörän ýagdaýlara laýyklykda akylly-başly hereket etmäni başarýarlar.

Gentingtonyň keselindäki tapawutlandyryjy aýratynlyk bir tarapdan näsagyň özüni alyp barşynyň birneme dürsügi, töwerekdäki ýagdaýlardan baş alyp çykýanlygy we huşunda galdyrylan zatlaryň ýitirilmän saklanýanlygyndan, beýleki tarapdan bolsa akyl işleridir meseleleriň ýerine ýetirilmeginiň talap edilýän pursatdyr ýagdaýlarynda paýhasynyň ötgürliginiň görnetin peselenliginiň ýüze çykýanlygyndan ybaratdyr. Bulara akyl-paýhas işine bolan ukybyň biçak durnuksyzlygy we onuň özgerip, bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa böküp durýanlygy häsiýetlidir. Şular ýaly böküliş ýatda saklap bilmekligiň we ýatda galdyrylan zatlary ýatlap hakydada dikeldip bilmekligiň gödek bozulmalarynda hem äşgär bildirip ýüze çykýar. Atrofiki hadysalaryň beýlekilerinde döreýän huşuň peselmesiniň agyr derejä ýetirilmegi keseliň giçki tapgyrlarynda-da duş gelmeýär.

Keseliň başlan irki tapgyrlarynda düşünjeleriň döremegi, pikirleriň jemlenilip umumylaşdyrylmasy, abstragirlenilişi we oýlanyş kynlaşyp, psihiki işiň tutuşlaýyn garyplaşdyrylmasy ýüze çykýar. Keseliň barha beterleşmesiniň esasynda psihiki işiň garyplaşmasy hasam güýjänsoň akyl-huş peselip, soňra psihiki hereketliligiň hem-de sözleýşiň okgunlylygy gowşaýar-da, emosional kütelme ýüze çykýar. Başgaça aýdylanda, akyl çasmanyň kliniki keşbi ýuwaş-ýuwaşdan tutuşlaýyn ýitirilme ýagdaýyna ýakynlaşdyrylyp, beýleki atrofiki hadysalardaka çalymdaş bolýar. Şunda Gentingtonyň horeýasyndaky akyl peselmesi keseliň uçdantutma ählisinde soňky derejä ýetirilmeýär. Akyl peselmäniň çuňňurlygy dürli derejede bolup, giperkinezleriň ýüze çykyşy bilen baglanyşykly bolýar. Sözleýşiň özgerdilmesi bolsa, esasan, giperkinezleriň sözleýiş myşsalaryna zeperli täsir etdirmegi sebäpli döräp, şonuň netijesinde-de sözleýişde diliň büdreýän ýaly sakawlanylmasy, sözleriň bogunlarydyr harplary syndyrylyp ýylmanylmagy, düşnüksizligi, aýdylyşynyň haýallap aýdyňlaşdyrylmazlygy we endigansyzlygy ýaly bozulmalar döreýär. Ýöne kähalatlarda sözleýşiň umumy garyplaşdyrylma alamatlary we görnetin bolmadyk amnestiki-afatiki bozulmalary hem bolýar. Sözleýşiň garyplaşdyrylmasy özüniň kliniki ýüze çykyşynyň görnüşi bilen köp halatda Pikiň keselinde duşýan özgerişlere çalym edýär.

Gentingtonyň horeýasynda psihiki bozulmalaryň duş gelýän ýerleri hem seýrek däl.

Gaýry atrofiki kesellerde bolşy ýaly psihotiki bozulmalar, adatça doly (agyr görnüşlisine ýetirilmän, rudimentar – ösüp ýetişmedik) derejesinde galdyrylýar. Näsaglaryň keselden deslapky ýagdaýynyň aýratynlyklaryna baglylykda, onuň başky tapgyrlarynda reaktiw ýagdaýlaryň döremegi agdyklyk edýär. Bulara ýüz-gözüň çytylyp gamaşaganlygy bilen geçýän tukatlanmakly, affektiň disforiki ynjyklygy ýa-da apatikiligi bilen häsiýetlenýän depressiw bozulmalaram mahsus bolýar. Az derejede ulgamlaşdyrylan paranoýal gabanjaňlyk, yzarlanyş ýa-da zäherlendirijilikli, müňkürlikli paranoid ideýalary hem ýygy duşýan alamatlaryň biridir. Senil demensiýasyna häsiýetli bolan zyýan ýetiriji paranoid Gentingtonyň horeýasynda juda seýrek duş gelýär. Keseliň giçkiräk tapgyrlarynda ketdeparazlyk hem-de uçursyz kuwwatlylykda, ummasyz güýç-gaýratlylyk ýaly ysmaz kysmy heňe gelmejek samsyklaç ekspansiw paranoid sindromlary hem döreýär.

Tene degiş we wisseral (içki kabul ediliş) duýgy aldanmalarynyň agdyklyk etmegindäki gallýusinator paranoid we parafren ýagdaýly gallýusinozlar seýrek duş gelýär.

Gentingtonyň horeýasynda newrologiki bozulmalar, esasan, gerimleşdirilen ýaýraw horeatiki giperkinezler bilen ýüze çykýar. Şolar amplitudalary uzaga çekmeýän haýal-ýagal görnüşli, giperkinezleriniň aralyklary bolsa uzaga çekýän, öz erkine, seýrek bolýan muskul-damar çekmeler bilen ýüze çykýar; şolar, myşsa gipotoniýasy çala bildirip utgaşýan torsion we atetoid komponentleri hem öz içi-

ne alyp biler. Horeatiki giperkinezleriň haýallyk bilen ýuwaş-ýuwaşdan ösmesi giperkinezler başlanyndan soň birnäçe ýylyň dowamynda näsaglaryň fiziki zähmet bilen meşgullanmagyna-da mümkinçilik berýär. Giperkinezleriň haýal beterlemesi zähmete bolan ukyplaryň dikeldilmesine-de mümkinçilik döredýär. Hatda giperkinezleriň geçişiniň güýçli ýagdaýynda-da näsaglar maksadalaýyk gönükdirilen hereketlerini ýitirmän saklaýar.

Kähalatlarda giperkinezler ýüz myşsalarynda döräp, näsaglaryň maňlaýyny ýygyrma, gözlerini süzüp ýummak, agzyny öweldip açmak, somaldyp dilini çykarmak we ş.m. hereketleri edip, ýüz-gözüni wäşilikli oýnatmasam döreýär. Aýratynam, sözleýşiň artikulýasion (sözleriň takyk hem dogry aýdylyşynyň) bozulmasy ýüze çykyp, ol keseliň has durnukly hem agyr alamaty hasaplanýar.

Keseliň gowy geçýänleri köplenç halatda, tutuşlaýyn akyl peselme bilen marazma getirip, näsagyň ölmegine sebäp bolýar.

*Kesel kesgidi.* Kesgit üçin demensiýanyň umumy delilliklerinden daşary şeýle alamatlaryň bolmaklygy hökmanydyr: 1) patologiki hadysanyň beýniniň daşky gabygynyň funksiýalaryna darap, demensiýanyň suratlanylyşynda pikirlenmäniň haýallamasynyň, motorikasynyň garyplaşdyrylmasynyň, apatiýanyň bolup, şol funksiýalaryň peseldilip ýatyrylmagynyň agdyklyk edýänliginiň görkezilmegi; 2) öz erkine bagly bolmadyk horeotiki hereketleriň, aýratynam ýüzde, ellerde hem ýöreýişde has-da aýdyň bildirmegi; 3) keseliň tohum-tijinde nesil yzarlaýşynyň bolmagy; 4) motorikanyň bozulmagynyň kliniki düşündirilmesinde şoňa dahylly gaýry delilleriň bolmazlygy.

*Bejergisi.* Gentingtonyň horeýasynyň ýörite bejergisi ýok. Giperkinezleriň bejerilmesi üçin neýroleptiki, dopaminergiki serişdeler (galoperidol, triftazin, kwetianin we başg.) ýa-da dokumalarda dopaminiň mukdaryny azaldýan (rezerpin) preparatlar ulanylýar. Neýroleptik preparatlar psihotiki bozulmalary bejermekde, affektiw dartgynlygy hem-de özüni alyp barşyndaky edim-gylymlaryň bozulmalaryny düzedip ugrukdyrylmagy üçin hem ulanylýar. Emma olaryň terapewtiki täsiri wagtlaýyn (çäkli) bolýar. Şol preparatlaryň uzak wagtlap ulanylmagy ýagdaýyň gowulaşmagyna getirýär.

**Kreýtsfeldt-Ýakobyň keselindäki demensiýa (akyl kemisligi).** Kelle beýniniň we beýnijigiň daşky gabyklarynda hem-de onuň astynda ýerleşýän beýnijigiň çal maddasynyň degeneratiw atrofiýasynyň ösmegi bilen häsiýetlenýän howply keseldir. Keseliň döremegine «prion» diýen ady alan aýratyn görnüşli infeksion (ýokanç) proteini sebäp bolýar. Şu proteiniň mutant görnüşli prionynyň patologik görnüşini süňňünde saklaýan (goýunlar, geçiler) we şonuň bilen kesellän (sygyrlar) mallaryň etini iýen haýwanlaryň hem-de adamyň bedenine giren ýokanç prion şu keseli döredýär. Onuň adaty infeksion (ýokanç) görnüşlisinden daşary sporodiki (seýrek duşýan) nesil yzarlaýjy görnüşi hem bar. Tötänlikdäki mutasiýadan dörän (keseliň seýrek duşýan sporodiki görnüşlisi) prion proteinleriň ýokançlylyk

derejesiniň hakyky ýokançlylaryndan pes däldigi baradaky ygtybarly maglumatlar hem bar.

Ýörite geçirilen patologoanatomiki barlaglar arkaly beýnide atrofiýanyň geçýänliginiň hem üsti açyldy. Mikroskopiki taýdan neýronlarda degenerasiýanyň geçýänliginiň, çal maddanyň häsiýetli spongioform özgermeleri bilen geçýän astrositleriň proliferasion görnüşinde ýaýraýanlygynyň hem üsti açyldy.

Kreýtsfeldt-Ýakobyň keseli juda seýrek duşýan keselleriň biridir (ilatyň tutuş 1000000-dan diňe biri keselleýär). Adatça, kesel 50-65 ýaş aralykdakylarda döreýär. Ýöne olaryň has ir (20 ýaşdan ýaňy geçenlerde), şeýle-de gijräk (75 ýaşa ýeteninden soň) döreýänlerem duş gelýär. Keseliň ilkinji alamatlarynyň aýdyň bildirip ýüze çykmagy uzaga çekip, şonuň ýalylar, hatda onlarça ýyllar dowam edip gelmegem mümkindir. Hatda şondan soňra-da keseliň alamatlary aýdyň, göz-görtele ýüze çykybermän, uzaga çekip, ýuwaşlyk bilen bildirip başlaýar. Käbir halatlarda kesel başlanmazyndan ozal asteniýa, uky bozulmalary, işdäniň kesilmesi, huşuň peselmesi, özüňi alyp barşyň ýoýlup özgermesi, gaty horlanmak ýaly prodromal (çala bildirýän), aslyýetinde bu kesele gaty bir mahsus bolmadyk alamatlar döreýär. Gorky, seýregräk keýpihonlyk bilen häsiýetlenýän sebäpsiz affektiw bozulmalaryň ýüze çykýan ýerleri hem gabat gelýär. Keseliň başlananlygynyň gönümel alamaty hökmünde el-aýagyň birtaraplaýyn paraliçi, şolarda muskullaryň işiniň bozulmazlyk ýagdaýynda we refleksleriň saklanylmagynda), öz erkine bagly hereketleriň amala aşyrylyp bilinmezligi, geçişinde bir ýa-da birnäçe myşsalaryň az wagtlyk ygtyýarsyz ýygrylmalarynyň döremegi (miokloniýa), garaguşagyra meňzeş tutgaýlar, ataksiýa, kellagyrylar, başaýlanma, paresteziýalar (göwräniň çep ýa-da sag taraplarynda duýgurlygyň birtaraplaýyn ýitirilmegi), piramid we ekstrapiramid bozulmalar ýeterlik derejede güwänamalyk edýär. Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýy deliriý, bölekleýin görüş-eşidiş gallýusinasiýalary, konfabulýasiýalar bilen utgaşyp hem biler. Şonuň bilen bir hatarda peýda bolýan demensiýa biçak tiz beterläp, beýni işjeňliginiň (agnoziýa, afaziýa, aleksiýa, apraksiýa) gödek bozulmalaryna-da getirýär. Keseliň beterläp agyr geçmesiniň netijesinde çuňňur kemakyllyk döräp, näsaglar prostrasiýa ýagdaýyna (aň-huşuny ýitiren, özüni bilmän oturan ýagdaýyna) düşüp, töwerekde bolup geçýän zatlar bilen asla işleri bolmaýar. Kesel başlananyndan bir-iki ýyl geçensoň çuňňur kemakyllyk ýagdaýyna ýetirilen näsaglar gündelik durmuş şertlerine uýgunlaşyp bilmän ýogalýarlar.

*Kesel kesgidi.* Demensiýanyň umumy delilliklerinden daşary şeýle alamatlaryň ýüze çykmagy zerurdyr: 1) beýniniň ýokary işjeňliginiň ählisiniň bozulmasy bilen häsiýetlenip, biçak tiz beterleýän akyl peselmesiniň bolmagy; 2) aşakda görkezilen alamatlaryň iň bolmanda biriniň bolmagy: a) piramid nyşanlar; b) ekstrapiramid alamatlar; ç) beýnijik alamatlary; g) afaziýa; d) görüşiň bozulmalary.

14. Sargyt №3273.

Ýokarda getirilen kliniki alamatlardan daşary aram-aram möwçlenme häsiýetli bolan EEG-iň özgermeleriniň ýüze çykarylmagy hem kesgidiň goýulmagyna has ygtybarly ynamy döredýän goşant hökmünde hyzmat edip biler.

*Bejergisi.* Keseliň ýöriteleşdirilen bejergisi näbelli bolansoň, şol barada tutaryk ediner ýaly materiallar ýok. Goşmaça dörän alamatlaryň garşysyna geçirilýän bejergide simptomatiki serişdeleriň göterip boljaklary berlip, bedeniň ýaşaýyş üçin has derawýys bolan funksiýalarynyň näsagyň ýagdaýyny gowulandyryp biljekleri ulanylýar.

**Parkinsonyň keselindäki demensiýa.** *Epidemiologiýasy.* Parkinsonyň keseline 100 000 adamdan 200-si uçraýar. Şeýle kesellileriň uçdantutma hemmesinde kemakyllyk döremeýär. Barlag geçirenleriň berýän maglumatlary boýunça akyl peselme alamatlary näsaglaryň 40%-de, dürli agyrlyk derejesindäki kognitiw bozulmalaryň ýygjamlygy bolsa kesellänleriň 5%-den 90%-e çenlisinde duş gelýär. Bu kesel bilen kesellän erkekleriň sany aýallaryňka garanyňda iki esse artykdyr.

*Etiologiýasy we patogenezi.* Häzirki wagtda Parkinsonyň keseli nesil yzarlaýan keselleriň biri saýylýar. Ýöne köp mukdarda keseli dörediji triger (keseli gozgadyjy) mehanizmi hökmünde täsir edýän ekzogen patologiki şertleriň (şikesler, zäherlenmeler, beýni infeksiýalary, MNU-yň çişleri we ş.m.) ähmiýeti hem inkär edilmeýär. Ýöne şeýle bolsa-da, awtorlaryň aglabasy keseliň beýniniň atrofiýasyna degişlidigini aýdýarlar.

Parkinsonyň keseliniň döremegindäki sebäpleriň esasylary diýlip beýnidäki gara maddanyň reňkli öýjüklerinde, zolakly göwrejikde, guýruk özeninde we beýleki bölümlerde dofaminiň saklanylýan möçberiniň azlyk edýänligi anyklanyldy. Şeýle-de MNU-da asetilholin mediatorynyň mukdarynyň köpelmegi bilen hem bagly bolup biler. Ençeme awtorlaryň pikiriçe, Parkinsonyň keselinde demensiýanyň döräp ösmegi we beterlemegi patologiki hadysa, ýagny beýniniň daşky gabygynyň Alsgeýmere meňzeş düzümleriniň goşulmasy bilen baglanyşyklydyr.

*Klinikasy.* Kesel 45-70 ýaş aralykdaky adamlarda duşýar. Parkinsonyň keseliniň başlanyş alamatlary hereketleriň belli bir tertipde utgaşykly amala aşyrylmasynyň ýitirilmegi bilen edilýän hereketleriň görnüşleriniň garyplaşdyrylmasydyr. Gijräk bulara dartgynlyk ýagdaýynda güýçlenýän we ukuda ýitýän dürli derejedäki titremeler hem goşulýar. Näsag barlagdan geçirilende inçe hereketleriň edilmesiniň kynlaşmasynyň, boýnuny aýlanynda hem ellerini herekete getireninde has aýdyň bildirýän ýöriteleşdirilen hereketleriň rigidliliginiň (doňmagynyň), ýagny «dişli tekeriň alamatynyň» üstünden barylýar. Sorma refleksi, Babinskiniň alamatynyň barlygy we gaýry piramid alamatlary hem şunda ýygy duş gelýär.

Parkinsonyň keselinde psihopatologiki bozulmalar näsaglaryň, takmynan, 40-80%-de duş gelýär. Näsaglaryň üçden birinde reňkdarlanan (öwüşginlendirilen) psihogen depressiw ýagdaýlaram ýüze çykýar. Käbir halatlarda öz janyna kast etme hyýally depressiýanyň has agyr görnüşlisi-de gabat gelýär. Seýregräk haýsydyr

bir şahslaryň çäkli topary tarapyndan näsaga zyýan ýetiriljek bolunýan yzarlanyş paranoid ýüzleýräk görnüşleri-de bolýar. Keseliň giçki tapgyrlarynda akyl-huşuň göçgünlikli geçýän bulaşma epizodlary, delirioz aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýy, şeýle-de gallýusinator ýagdaýlaryň döremegi hem mümkindir. Ýiti psihozlaryň döremegine parkinsonizmiň garşysyna ulanylýan serişdeleriň (L-DOFA) zäherlenmä getirýänligi sebäpli bolup biljekligi unudylmaly däldir.

Ýokarda bellenişi ýaly Parkinsonyň keseline uçranlaryň 40%-de demensiýanyň alamatlary ýüze çykýar. Parkinsonyň keselinden dörän akyl peselmesi bolan näsaglarda söz ýatkeşliginiň bozulmalary, ýatda saklap bilmek, hereket endikleriniň we optiki-giňişlik meseleleriň çözülip hem ugrukdyrylyp dikeldimesiniň bozulmalary agyr görnüşde ýüze çykyp, Alsgeýmeriň keselindäki şuňa meňzeş bolan akyl peselmesindäkiden hem çuňňur bolup, ýagdaýy has-da agyrlaşdyrýar. Psihiki funksiýalaryň bozulmasynyň has aýdyň ýüze çykyp doly dargamasy şeýle näsaglaryň az sanlysynda duş gelýär.

*Kesel kesgidi.* Parkinsonyň keselinde döreýän demensiýa kesgit goýulmagy üçin umumy delilllikleriň hasaba alynmagyndan daşary, şeýle alamatlaryň ýüze çykarylmagam zerurdyr: 1) Parkinsonyň keseliniň hakykatdanam barlygy; 2) antiparkinsoniki dermanlaryň kabul edilmegi bilen baglanyşykly bolmadyk kognitiw peselmeleriň bozulmagy; 3) amnestiki we geçirilen barlaglaryň gaýry maglumatlarynda demensiýanyň döremegine getiren başga sebäpleriň bolmazlygy.

*Bejergisi.* Parkinsonizmiň bejergisinde dopaminiň deslapky ulanylýan metaboliki preparaty lewadopa köplenç halatda karbidopa, akineton ýa-da siklodol bilen utgaşdyrylyp ulanylýar. Soňky wagtlarda Parkinsonyň keseliniň bejerilmeginde bromkriptin ýa-da parlodel, şeýle-de dofamin reseptorlaryny gyjyndyrýan serişdeler hem beýnide biotransformasiýanyň azaldylmagynyň hasabyna dofaminiň mukdaryny ýokarlandyrýan ýumeks, kognitiw (MAO-B oksidazanyň blokatorlary) ulanylýar.

Psihotiki bozulmalar ýüze çykanynda neýroleptikleriň parkinsonizm alamatlaryny döretmeýän az mukdarlarynyň berilmegine antiparkinsoniki preparatlaryň mukdary ýuwaş-ýuwaşdan azaldylyp, dezintoksikasion we gurplandyryjy bejergiler geçirilýär.

**Adamyň immunodefisit wiruslarynyň (AIW) döreden keselleriniň getirýän kemakyllygy.** Ýokanç AIDS keseliniň başky tapgyrlarynda näsaglaryň takmynan 10%-i özlerinde psihiki bozulma alamatlarynyň peýda bolýandygyny aňýarlar. Başlanan kesel möwç alyp beterleşdigiçe, şol alamatlar näsaglaryň 60%-de ýüze çykýar. AIDS keselindäki psihiki bozulmalar, esasan, ekzogen (daşardan täsir edýän) reaksiýalara bap gelýär we nerw ulgamynyň ýokanç AIDS keseliniň gönümel täsiri, beýni çişleri, ýokanç keseller arkaly bedeniň immun sistemasynyň güýjüniň gaçmasy netijesinde, şeýle-de septisemiýa, gipoksiýa, elektrolitleriň balansynyň deňagramlylygynyň bozulmasy netijesinde döräp biler. Şeýle-de,

inisial (başlangyç) döwründe gowşaklyk, ysgynsyzlyk, tiz ýadamaklyk, psihiki hereketleriň bady gaçyp haýal-ýagallamasy, derlemeklik, uky bozulmalary, işdä kesilmesi, keýpiň gaçmasy ýaly alamatlaram ýüze çýkyp biler. Näsaglar ynjyklanyp gyzma, yrsaragan, oňuşmazak bolýarlar. Kognitiw funksiýalaryň peselmesiniň netijesinde deliriý görnüşli psihozlaryň, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy ýaly çaşmagyna, gallýusinoza, seýregräk ýiti paranoidiň döremegine, katatoniki ýagdaýlara, affekt göçgünlikli ýiti maniakal psihozlara getirip biler.

AIDS keselinden döreýän kemakyllyk tiz (hepdeleriň, aýlaryň dowamynda) beterleşýär, şol ýagdaý hem esasy keseliň geçişine, şeýle-de näsagyň umumy ýagdaýyna bagly bolýar. Kemakyllygyň ýüze çykyşy edil şuňa mahsus bolman, beýnide bolup geçýän hadysa-da baglydyr. Beýnide hadysa ojaklaýyn (çäkli ýerde) bolup geçende (beýni limfomasynda, beýnä gan öýülmelerde) nerw işleriniň aýry-aýry görnüşleriniň bozulmasyna; gürleýşiň bozulmalaryna, maňlaý alamatlary toplumynyň döremegine garaguşagyra meňzeş tutgaýlara, ýarym we doly paraliçlere getirýär. Beýni tutuşlygyna zeperlenende (tutuşlaýyn ýarymýiti ensefalit, meningit) bolsa tiz ýadawlyk, hiç bir zada höwesiň bolman tukatlanyp hereket-gymyldysyz lapykeç bolup oturmak, uklamaklyk, arasy kesilmeýän kellagyrylar, ünsüň bozulmalary, ýatkeşligiň peselmesi ýüze çykýar. Näsaglar özleriniň ýetmezine tankydy nukdaýnazardan çemeleşýärler. Ýöne kähalatlarda olarda öňde goýlan wezipäniň hötdesinden gelip bilmän, göwnüçökgünlik, frustrasiýa (gorkuly aladalanmalar), howsala düşme ýagdaýlary döräp biler. Psihologiki bozulmalar dynman dowam eden ýagdaýynda ol gutarnykly kemakyllyga getirip biler. Şu döwürde kognitiw defisitden (ýetmezçilikden) daşary gödeňsi affektiw bozulmalar ýüze çykyp, erkine buýrup bilmezlik, özüňi alyp barşyň hemmetaraplaýyn özgerip ýaramazlaşmasy ýaly bozulmalar döräp biler. Şeýle ýagdaýdaky näsaglar haýsydyr bir ýokanç keselden ýa-da howply çişleriň döremeginden ýogalýarlar.

Kemakyllygy tassyklaýan umumy delil-serologiki barlaglar arkaly AIDS-iň kesgidiniň subut edilip tassyklanylmagy bilen kemakyllygyň başga bir sebäplerden döränligine delilli maglumatlaryň bolmazlygydyr. Şol sebäpli hem AIDS keseli ýokuşma howpy ýokary bolan şahslaryň toparyndakylarda hemme halatda kognitiw, affektiw hem-de özüni alyp barşynyň bozulmalarynyň ýüze çykarylanlaryň ählisi hökmany suratda ýörite barlagdan geçirilmelidir.

AIDS-iň täsirli bejergisi häli-häzirlikçe ýok. Barha agyrlaşýan kemakyllyk we gaýry psihiki bozulmalar döräninde keseliň aýry alamatlaryna täsir edýän adaty terapewtiki serişdeler, antiwirus dermanlar ulanylýar.

Kemakyllygyň beterlemegini bökdemek maksady bilen serebroprotektorlar, beýniniň gan aýlanyşygyny kadalaşdyrýan preparatlar ulanylýar. Psihotiki bozulmalar, depressiýa, şahs durkunyň özgerip geçýän bozulmalary dörände (goşmaça täsir ýetirmesi göz öňünde tutulyp) sedatiw (köşeşdiriji),

antidepressant, neýroleptiki serişdeleriň ujypsyz mukdarlary ulanylýar. Psihiki deňagramlylygyň saklanylmagy üçin psihoterapiýanyň dürli görnüşlerinden peýdalanylýar.

**Alkogol we gaýry psihoaktiw maddalar bilen bagly bolmadyk organiki amnestik alamatlar toplumy (sindromy).** Amnestiki alamaty (sindromy) döredýän patologik organiki faktorlaryň we ýagdaýlaryň uly topary bar. Şolardan has köp duşýanlary: kelle-beýni şikeslenmeleri, beýni çişleri, subarahnoidal ganöýülmeleri, agyr zäherlenmeler, beýniniň ýokanç keselleri, ýürek urgusynyň wagtlaýyn togtadylmasy, gipoksiýa, beýnidäki degeneratiw hadysalary elektro uky bejergisi, garaguşagyry we başgalar. Amnestiki sindromyň döremegi üçin oňa sebäp bolýan ýagdaýlaryň beýniniň düzümine girýän çekge we maňlaý bölümleriniň, gippokampyň we emzik şekilli bedeni öz içine alýan limbiki gurluşyň (sistemanyň) patologiki hadysa gatnaşmagy hökmandyr.

*Klinikasy (geçişi).* Bu sindroma häsiýetli bolan alamatlaryň biri ýatkeşligiň (birnäçe minutdan birnäçe gün dowam edýän gysga möhletlisiniň) bozulmasy bolup, şonuň esasynda-da anterograd (kesel başlanyndan soňky wakalaryň ýatdan çykarylmagy) bilen geçýän amneziýanyň (ýatkeşligiň ýitirilmeginiň) döremegidir. Ýagny näsaglar geçip duran ýa-da ýaňy-ýakynda, şeýle-de känbir uzak wagt geçmedik geçmişiň (soňky 10-15 ýylyň dowamynda bolup geçen) hadysalary ýadyndan çykaryp, has irki geçmişiň, gowy öwrenilen hadysalarynydyr wakalaryny huşunda saklamagydyr.

Şol bir wagtda-da gös-göni aýdylan zady (mysal, alty belgili sany) gaýtalamak ukyby saklanyp galýar.

Köplenç ýagdaýda näsaglarda öz-özüne ýadynyň küteleşýänligi barada baha bermek ukyby bolmaýar. Şeýlelikde, olar özleriniň akyl huş kemçiligini gizlejek bolýarlar ýa-da beýle zat ýok hasaplaýarlar.

Käte konfabulýasiýanyň ýüze çykmagy mümkin. Näsaglarda ýadyň bozulmasy, adatça, täze teklipleriň bolmazlygy, emosional sowuklyk, parhsyzlyk bilen, ýöne daşky gyjyndyryja jogap berme ukybynyň saklanmagy bilen geçýär. Has takygy gysga wagtlaýyn ýat bozulman, näsag özüne ýüzlenilýänini birbada bilýär, tanaýar, edil yz ýanyndan bolsa ýatkeşlik ýitýär.

Amnestiki sindrom, adatça, tötänleýin başlap, ol esasy keseliň geçişine, köplenç onuň dowamlylygyna baglydyr.

Ýadyň doly dikelmegi – çekge garaguşagyrysynda, gysga wagtlaýyn ýürek durmada, elektrotitrediji bejerişden soň bolup biler. Kelle beýnisiniň şikesinden soň, subarahnoidal gematomada, insultda, kömürturşy gaz bilen zäherlenmeden soň, köplenç, ýadyň dowamly bozulmasy bolýar.

*Kesel kesgidi.* Amnestik sindromyň kesgidi şu aşakdaky alamatlara gabat gelmeli:

1. Ýadyň iki sebitde bozulmagy:

a) gysga wagtlaýyn ýadyň bozulmagy bilen baglylykda täze maglumatlary özleşdirip bilmän, gündelik durmuşyň kynlaşmagy;

b) gysga, bir wagtda geçme pursatlaryň kynlyk bilen ýatlanmagy, anterograd we retrograd amneziýalaryň bolmagy.

2. Ýoklugy:

a) göreniňi çalt ýatlamagyň we ony aýtmagyň peselmeginiň;

b) aňyň bozulmagynyň;

ç) demensiýanyň alamatlarynyň.

• Konfabulýator bozulmalar, özüňe tankydyň peselmegi bilen hem amnestik sindrom ýüze çykyp biler, ýöne keseliň kesgidini goýmak üçin onuň bolmagy hökmanam däl.

• Insultyň we beýni keselleriniň (alkogolly ensefalopatiýadan başga) hassada barlygy sebäpli ýadyň bozulmalarynyň ýüze çykmagy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Tapawutlandyryş kesgidi demensiýadaky hem deliriýdäki amneziýa tutuşlaýyn akyl we kognitiw bozulmalaryň diňe bir uly bolmadyk bölejigidir. Amnestiki sindromyň haýal başlap barha beterleme bilen geçip häsiýetlenýänleri beýni çişlerine, Alsgeýmeriň keseline we gaýry kemakyllyk hadysalaryna mahsusdyr. Psihogen amnestiki sindromy duýdansyz başlanmak bilen näsagyň hut özi üçin ýakymsyz bolup, çydap bilmejek hadysalarynyň hakydasyndan çykarylmagy häsiýetlidir. Adatça, ýatdan çykarylmanyň dörän wagtyna gabat gelýän, ýöne şoňa gaty bir uly dahyly, ähmiýeti bolmadyk wakalar ýatdan çykarylmaýar. Näsagyň terjimehalynyň ýa-da durmuşdaky tutýan ornunyň aýratynlyklarynyň özüni kanagatlandyrmaýan wakalaryň, göwnüne ýaramaýan hadysalaryň hakydadan çykarylmagy bilen baglylykda öz şahsyny meňzetmä, deňeşdirmä bolan ukyby (öz şahsyny tanamak, ähmiýetini we ornuny bilmek ukyby) ýitirilip bilner. Keseliň döreýiş taryhynda ýatkeşligiň bozulmasynyň öňüsyrasynda psihika şikes ýetirilme bolup geçýär. Anterograd amneziýa, seýregräk halatlarda psihogen häsiýetli bolýar.

Amnestiki sindroma jögülik etmä bolan synanyşyklaryň barlagy geçirilende hakydada galdyrylan zatlar bilen bähbit aralyp, hödürlenýän ýalan-ýaşryk ýasama maglumatlary barlagyň etmeli maksadynadyr çykarmaly netijesine gabatlaşman çapraz gelýär.

*Bejergisi.* Bejergi barlanylyp üsti açylan etiologiki faktorlara täsir etme arkaly kesgitlenýär. Näsagyň gündelik durmuşa uýgunlaşyp bilmegi üçin, ony ýeňilleşdirýän şertleriň döredilmegi zerurdyr. Esasy dert kesel bilen bilelikde utgaşyp geçýän psihiki bozulmalar neýroleptikler, trankwilizatorlar (simptomatiki – keseliň alamatlarynyň garşysyna gönükdirilen bejergi) arkaly geçirilýär. Amnestiki sindromda nootroplardan başga ýatkeşligi gowulandyrýan farmasewtiki serişdeler häzirlikçe ýok.

**Alkogol we gaýry psihoaktiw maddalar bilen bagly bolmadyk deliriý.** *Epidemiologiýasy.* Terapewtiki hem-de hirurgiki bölümlere ýerleşdirilýän näsaglaryň,

takmynan, 10%-inde deliriý döreýär. Çylşyrymly usullar arkaly bejergi geçirilýän ýörite bölümlere düşýän näsaglarda bolsa şol has hem ýygy ýüze çykyp, agyr kesellileriň 30%-inde diýen ýaly duş gelýär. Şeýle-de, çagalarda ýa-da gojalarda hem-de durmuşynda başdan geçirlen beýni organiki zeperlenmelere uçranlarda-da şol ýagdaý ýygy duş gelýär.

*Etiologiýasy.* Deliriýniň döremegine beýnini zeperleýän dürli görnüşdäki ekzogen hem somatogen täsirler sebäp bolýar. Şol sebäpleriň deliriýe has ýygy getirýänleri:

1. Dürli zäherlenmeler, şol sanda-da (M-holinoblokatorlar, bromidler, ýürek glikozidleri, trisikliki antidepressantlar) dermanlar, hojalykda we senagatda ulanylýan zäherli maddalardan (kömürturşy gazy, agyr metallar we başgalar bilen) zäherlenmeler.

2. Gyzgynyň ýokarlanmagy hem zäherlenmeler bilen geçýän ýokançlar (garahassalyk, düwürtikli garahassalyk, Ku gyzdyrmasy, üç günlük gyzzyrma keseli, örtükli (krupoz) öýken sowuklamasy, mikroby ýaýraň inçekesel, sepsis, wirus ýokanç keselleri, ýokanç AIDS keseli) we başgalar;

3. Beýni zeperlenmeleri (garaguşagyry we garaguşagyry tutgaýlaryndan soňky dörän ýagdaýlar, kelle şikesleri (subarahnoidal – beýni örtüginiň astynda döreýän ganöýmeler, ensefalit, meningit) we başgalar;

4. Funksiýalarynyň agyr bozulmalary bilen geçýän iç agzalarynyň keselleri (ýürek, öýken, bagyr, böwrekler ýaly agzalaryň işiniň bozulmagy);

5. Metaboliki bozulmalar we endokrin disfunksiýalary (aşgazanasty mäziň, gipofiziň, böwregüsti mäzleriň, galkanýany mäzleriň işleýşiniň bozulmalary), elektrolitleriň deňagramlylygynyň ýoýulmalary, tiamin ýetmezçiligi we başgalar;

6. Onkologiki keseller (howply täzedöreme çişleri).

Keseliň döremeginde umumy görnüşdäki stresleriň (tolgunmalaryň), ýagny howuňy basýan, göwnüňi çökerýän ýagdaýlaryň (operasiýadan soňky ýagdaýlar, operasiýadan soň döreýän agyrylar, gipoksiýa, köp mukdarda gan ýitirme, ukusyzlyk we başga ýakymsyz ýagdaýlaryň) ähmiýeti uludyr. Deliriýniň döremegine oňaýsyz ýagdaýlar (durmuşda görmedik öwrenişmedik, uýgunlaşylmadyk, düşnüksiz gümürtik ýagdaýlar, göreç kataraktasy, operasiýa edilenden soňraky göze saralýan gara daňy (hem-de şahsy sebäpler), operasiýa edilmekden güýçli gorkmanyň döremegi).

*Klinikasy.* Adatça, deliriý döreýşine we bejerilişine baglylykda birnäçe sagadyň ýa-da birnäçe günüň dowamyndaky tizlikde döräp, birnäçe sagat ýa-da birnäçe hepde dowam edýär. Deliriýniň ýiti başlanmasynyň öňüsyrasynda howsala düşme, ynjyklyk, seslere we ýagtylyga ýokary duýgurlygyň, çydamsyzlygyň döremegi, emosional durnuksyzlygyň göz-görtele ýüze çykmagy, alňasama, ünsüň durnuksyzlanyp, sowulyp durmasy ýaly alamatlaryň peýda bolmagy bilen geçýär. Uky bozulmalary – näsag gorkunç düýşgörmelerden häli-şindi hopugyp oýanyp,

turandan soň bolup geçýän zatlaryň düýşündeligini ýa-da huşundalygyny tapawutlandyryp bilmeýär. Şol ýagdaýlar bilen bir hatarda näsaglar töwerekdäki zatlaryň arasynda ugur tapyp, baş çykarma ukybyny hem ýitirýärler. Ugurtapyjylygyň ýitirilşiniň çuňňurlygyna baglylykda pareýdoliki görüş illýuziýalaryň, näsagy gurşaýan hakyky zatlaryň uçursyz ýoýulan görnüşlerde görünmegi ýaly alamatlar peýda bolýar. Keseliň agyrlaşmagy bilen gipnogogiki (uka gidiläýende döreýän) gallýusinasiýalar hem peýda bolýar. Bularyň bary emosional-giperestetiki bozulmalar, gürleýiş we psihomotor göçgünlenmeler, ünsüň sowulmalary, uky bozulmalary bilen utgaşýar. Gije-gündiziň dowamynda keseliň alamatlarynyň üýtgäp durmagy, şolaryň bildirişiniň agşamlaryna we gijelerine has güýjäp, gündizlerine, akyl-huşuň durlanan çagy bolsa alamatlaryň gowşap, düýpgöter aýrylyp gitmesi häsiýetli bolýar («lýusid penjireleri»).

Getirilip görkezilen şu ýagdaýlaryň yzysüre, adatça, gijelerine hakyky deliriý möwç alyp beterleýär-de, has aýdyň bildirip, ugurtapyjylygyň allopsihiki görnüşi has aýdyň derejede ýüze çykýar, ýöne şeýle-de bolsa hut özüňi tanamak, kimligiňi bilmek ukyby ýitirilmän saklanýar. Aňyň şunuň ýaly çuňňur bozulmasy kabul ediş bozulmalarynyň agyrlaşmasy bilen geçip, näsagda töwerekleýän hakyky zatlaryň görülmesi bilen bir hatarda göze görnüş gallýusinasiýalar döräp, olaryň mazmuny sahnadaky ýaly görnüşde geçip, barha beterleşýär. Deliriýniň çuňlaşmagy bilen lýusid aralyklar ýitirim bolup, gallýusinasiýalar bolsa tersine, arakesmesiz geçýär-de, gallýusinator agram salynyş diýilýän ýagdaý döreýär. Şonda psihopatologiki fenomen (uçursyz üýtgeşik ýagdaý) aňyň düşünje-mazmunynyň esasyna, hatda ýeke-täkligine öwrülip, hakykat aňa girizilip ýetirilmeýär, şol ýagdaý hem näsagyň özüni alyp barşyny düýpgöter özgerdip, diýseň hatarly ýagdaýa getirýär. Onuň özüne ýa-da töweregindäkilere elhenç howpy abandyrmagy hem ähtimaldyr. Näsaglarda gallýusinator başdangeçirmeleriniň mazmunyna bap gelýän üzlem-saplam polimorf (köp görnüşli) paranoid ideýalaryň ýüze çykmagy hem mümkindir. Görüş gallýusinasiýalaryň mazmuny hem biçak ýokary derejeli dartgynlykda bolup, affektiň psihomotor göçgünlikde süýşüp üýtgäp durmagynda mese-mälim bildirip geçýär. Ýüz-gözüň oýnadylyşy ekspressiw affektiň, gallýusinasiýalaryň we paranoidiň mazmunlaryna bap gelýär. Gürleme çaltlaşyp, yzygiderliligi ýitýär, sözleýşiň belli manyny aňlatmaýan üzlem-saplam baglanyşyksyz bolýan wagtlary hem seýrek däl. Goýazy (çuň) pikirlenişiň funksiýalary, umumylaşdyrylan oýlanmalara bolan ukyplar ýitirilýär. Üns durnuksyzlanyp peselýär, işjeň däl ünslülik agdyklyk edýär. Kähalatlarda sesi çaslandyryp ýüzlenme arkaly näsagyň ünsüni gallýusinasiýalara dümtünmesinden sowup, berlen soraglaryň birine, ýarymyna dogry jogaplary alyp bolýan bolsa, ýöne bir-iki minut geçip-geçmänkä onuň bilen arabaglanyşyk ýene kesilip, habar alyşma mümkinçiligi ýitirilýär: ýatkeşligiň, aýratynam hakydada galdyrylyşyň ýaramazlaşmasy bilen bir hatarda ýokanç keselden dörän deliriýli näsaglaryň käbirinde ýüze çykýan gipermneziýanyň (ýatkeşligiň

uçursyz ýokarlanmagy) netijesinde göwrümli makalalaryň, şygyrlaryň, birçaklar tötänlikde diňlenilen daşary ýurt dilindäki çykyşlarda edilen gürrüňleriň ýatdan aýdylyşynyň duşýanlygy baradaky maglumatlar hem bar. Wagtlaýyn aralyklara baha berlişiniň, töwerekleýän zatlaryň aralygynyň uzak-gysgalygynyň kesgitlenilşiniň, olaryň möçberiniň anyklanylyp takyk kesgitlenilişiniň, hususy göwräňde bolup geçýän ýagdaýlary aňşyrmanyň ýoýulmagy ýaly ýagdaýlara-da duş gelinýär. Aýratyn hem ýokanç kesellerden döreýän deliriýlerde psihomotor bozulmalar has ýygy duşýar. Keseliň aňrybaşy derejä ýeten döwründe görüş gallýusinasiýalaryndan daşgary eşidiş, tenedegiş, ys alyş gallýusinasiýalary hem peýda bolup biler. Şolara doly aýdyňlyk, takyklyk, gutarnykly görnüşe ýetirilmedik, aram-aram arasy kesilip döremeklik we olaryň mazmunynyň görüş gallýusinasiýalary bilen arabaglanyşygy bolman, bap gelmezlikde geçme häsiýetli bolýar.

Döreden sebäplerine baglylykda delirioz ýagdaýlaryň özüne mahsus käbir aýratynlyklary hem bolup biler. Meselem, ýokanç kesellerden dörän deliriýli näsaglarda hereketlenilişli gallýusinasiýalaryň (näsaglaryň güwläp uçutdan gaýdyşy ýa-da gorpa gidişi, uçarda pel-pelläp dik asmana galyşy, apy-tupanlykdyr, gopan aldym-berdimli harasata düşmek ýaly elhenç ýagdaýlary başdan geçirmeleri) döremegi häsiýetli bolýar; atropinden dörän deliriýde näsaglaryň bosuşyp gelýän köpsanly reňksiz mör-möjekleri görmegi, köplenç, el-aýaklarynyň uçlaryndan tenedegiş gallýusinasiýalaryň ýitilerini duýmagy has ýygy duş gelýär; tetraetilgurşundan döreýän deliriýde näsagyň agzyna gyl-gypyrdyr ýüplükleriň dykylanlygy ýaly duýgular döräp, näsaglar hemişe şolary birsyhly sogrup çykarma, agyzlaryny arassalama bilen meşgullanýarlar. Kelle şikesinden dörän delirä näsagyň geçmişde başdan geçiren hatarlydan harasatly, aldym-berdimli elhenç wakalar bilen baglanyşykly gallýusinasiýalaryň döremegi häsiýetli bolýar.

Esasy keseliň (zäherlenmeler bilen döredilen süňňi we ýokanç keselleriň agyrlaşmasy) deliriýniň agyr görnüşleri, hünärmen we mussitirleýjileriň döremegine-de getirip biler. Hünärmen deliriýde durmuşda uýgunlaşylyp öwrenişilen (iýmek, içmek, geýinmek, içerini tertibe salma ýa-da olaryň hünäridir amala aşyran işleri bilen baglanyşykly bolup, göze görünmeýän (ýok) iňňäni sanjyp, tikin-çatyn bilen meşgullanmasy, gol astynda ýok azyklardan aşpeziň nahar taýýnlamasy ýaly başagaýlykda bolmagy, sürüjiniň birçak süren ulagyny hyýalyna getirip, ruly towlamany gaýtalap oturyşy ýaly birmeňzeş hereketlenmeler bilen geçýän hysyrdyly gözgyny ýagdaýlar agdyklyk edýär. Hereketlenme joşgunlygy çäkli boşlukda bolup geçýär. Mussitirleýji deliride gaty bir göze ilmeýän ýuwaşja hereketlenme göçgünligine gelnilip, şolara tertipli hem bitewi bolman birmeňzeş gaýtalanýan görnüşde geçýär. Näsaglar ýorgan-düşegiň çäginde hysyrdap nämedir bir zatlary sypyryp çykarmak, silkeleşdirip kakmak, nämedir bir zatlary çümmükläp hem ebjitläp tutmak ýaly zatlar bilen güýmenýärler. Olar hemişe nämedir bir zatlar barada hüňürdäp, pessaýja sesli samraýarlar. Olaryň gep-gürrüňleri baglanyşyksyz üzlem-saplam bo-

lup, belli adama gönükdirilmeýär. Şeýle ýagdaýdaky näsaglar bilen gürleşip habar alyşma, düşünişme mümkinçiligi bolmaýar, çünki olar töwerekdäki ähli zatlardan arany açyp el çekýärler-de, şolardan üzňelikde bolýarlar. Hünäre degişli, aýratynam mussitirleýji deliriler gündizlerine güňlük bilen çalşyrylyp bilner.

*Etiologiki* faktorlara baglylykda deliriýler wegetatiw hem-de newrologiki bozulmalar bilen utgaşyp geçip biler. Wegetatiw bozulmalardan tahikardiýany, tahipnoýany (sojamany), derlegenligi, gan basyşynyň üýtgäp, ýokarlanma ýykgyn edip durmasyny bellemek bolar. Newrologiki alamatlardan muskullaryň gipotoniýasyny (gowşaklygyny), giperrefleksiýany, tremory, ataksiýany, konwergensiýanyň gowşaklygyny mysal getirmek bolar. Agyr delirilerde gan basyşy aşak düşýär. Köplenç halatda merkezden (beýniden) döredilen gipertermiýa (gyzgynyň ýokarlanmagy), bedeniň suwuklyklarynyň azalyp guraksylanmasy döreýär. Newrologiki alamatlaryň arasynda ýeňsäniň rigidligi (saňgaty bolup doňmagy), Kernigiň alamaty, agyz awtomatizminiň alamatlary, göz alamatlary (nistagm, ptoz), atetoid we horeoform giperkinezleri ýüze çykýar.

Ýokarda görkezilişi ýaly deliriýniň dowamlylygy birnäçe sagatdan birnäçe hepdä çekýär, şonuň aramlyk uzaklygy bolsa 3-4 gije-gündizden uzaga çekmeýär. Bularyň has giň ýaýranlary abortiw görnüşlileri bolup, olar birnäçe minutdan birnäçe sagada ýa-da bir gijä çekýär (gijeki gyzamyk deliriýsi diýilýäni). Deliriýden çykylyş agyr geçip, şondan uzak wagta çekýän ukudan soň çykylýar. Deliriý oňaýsyz tamamlananda ýüze çykan asteniýa, aýry-aýry gipnogogiki gallýusinasiýalar birnäçe hepdäniň dowamynda aýrylman saklanýar. Deliriýniň geçişi uzaga çekeninde litiki ýagdaý bilen tamamlanýar. Deliriýniň oňaýsyz tamamlanmasy şonuň gaýry psihotiki ýagdaýlara: amensiýa, güň bolma, şeýle-de Korsakowyň sindromyna, werbal gallýusinozyna geçenligini aňladýandyr. Deliriýniň döremegine getiren esasy keseliň geçişiniň agyrlaşyp oňaýsyzlanmagynyň, öz janyna kast etmeginiň, psihomotor göçgünlikdäki alan urgularynyň salan ýara-şikesleriniň netijesinde deliriýniň ölüm heläkçiligi bilen tamamlanmagy hem ähtimaldyr.

Delirioz ýagdaýda başdan geçirilen zatlaryň ýatlanylyşy yzygiderli hem doly göwrümli bolmaýar. Gallýusinasiýalaryň mazmuny hakydada gowy saklanylyp, deliriýniň geçen döwründäki hakyky bolup geçen zatlaryň ýatda galdyrylyşy gowşak görnüşde bolýar. Psihoz geçeninden soňky ilkinji günler ýatda galdyrylan zatlar ýiti görnüşde bolup, gijräk olar öçügsilenip, başdan geçirilen hadysalaryň diňe käbir ayry-aýry parçalary huşda galýar.

*Kesel kesgidi.* Kesgidi goýmak üçin näsagyň ýagdaýy aşakda görkezilenlere laýyk gelmelidir:

1. Uzaga çekmekligi – alty aýa çenli;

2. Akyl-huşuň töwerekleýän zatlary anyk görnüşde kabul edip bilmezlik derejede bozulmagy;

3. Ünsüň ugrukdyrylmasy, şony belli bir zada dikme, peýläp, haýsydyr bir zatdan sowup, beýleki bir zada gönükdirme ukyplarynyň peselmegi;

4. Illýuziýalaryň we gallýusinasiýalaryň, esasan-da görüş görnüşli bolmagy;

5. Abstrakt oýlanylyşyň uzak saklanylman geçip gidýän samramaly ýa-da şonsuz bolýan, ýöne görnetin bildirmeýän inkogerensiýaly (umumylaşdyrylmasynyň baglanyşyksyzlygy) bozulmasy;

6. Gatybir uzak wagt bolmadyk bolup geçen hadysalaryň dikeldilişiniň we ýatkeşligiň bozulmalary;

7. Wagtdan hem bolunýan ýerinde baş alyp çykyp bilmezlik, agyr görnüşlilerinde hut öz şahsynyň, kimligini aňşyrmanyň başartmazlygy;

8. Birden beýlekisine duýdansyz geçýän gipo ýa-da giperaktiwlik;

9. Reaksiýa berilmäniň wagtynyň uzalmagy;

10. Gözleýiş akymynyň haýallamasy ýa-da çaltlaşmasy;

11. Howsalaly we dowully başagaýlyga, elhenç gorka ýykgyn edilmegiň güýçlenmesi;

12. Düýbünden uklap bilmezlik derejesine ýetýän ýagdaýly ukusyzlyk,
ýa-da uky bilen oýalygyň kadaly gatnaşygynyň bozulmalary;

13. Gijelerine alamatlaryň güýçlenmegi;

14. Garabasmaly, elhenç gorkuly düýşgörmeleriň edil oýanylanyndan soňra illýuziýalar ýa-da gallýusinasiýalar görnüşinde dowam etmegi;

15. Alamatlary dörediläýjek beýni we gaýry patologiýalaryň barlygy baradaky hakyky maglumatlaryň bolmagy (psihoaktiw maddalaryň döredýänlerinden başgalary).

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Kemakyllykdan tapawutlylykda deliriý has ýiti görnüşde başlanyp, onuň dowamlylygy gysga bolýar. Gije-gündiziň dowamynda ýagdaýyň çalt-çaltdan özgerip durmagy ýaly delirä häsiýetli alamat demensiýada bolýar. Deliriýden tapawutlylykda demensiýanyň başky tapgyrlarynda ugurtapyjylyk, üns, kabul etme, ýaşa baglylygyna mahsus bolan uky bilen oýalygyň geçişiniň kadalygy ýitirilmän saklanyp, göçgünlige gelinme göz-görtele görnüşde bolman, pessaýlyk bilen, ýagny bildirmän diýen ýaly ýüze çykýar.

Deliriýde oýlanylyşyňdyr pikir ýüwürdilişiň mazmuny ýitirilip, başda-baratlyga ýüz urulýan bolsa, demensiýada ol garyplaşdyrylan kemterli sada bolýar. Deliriýde ýatkeşligiň gysga möhletlisi peselen bolsa, demensiýada şolaryň gysga möhletlisi hem, uzak möhletlisi hem bozulýar.

Demensiýadan tapawutlylykda adatça şizofreniýada akyl-huş we ugurtapyjylyk ýitirilmän saklanýar. Deliriýniňkä garanyňda şizofreniýadaky kabul edilişiň bozulmalarynda eşidiş aldanmalary edip, olar has durnukly hem tertipleşdirilen görnüşde bolýarlar. Gysga möhletli deliriýlere häsiýetli bolan kognitiw bozulmalaryň ümmülmezligi (giň göwrümli bolup, keseliň hemme taraplaryny öz içine almagy) şizofreniýada bolmaýar.

*Bejergisi.* Bejerginiň esasy etiologiki faktorlarynyň üstüniň açylmagy bilen, gös-göni şoňa täsir etmäge gönükdirilýär. Şol maksady amala aşyrmak üçin näsagy mümkingadar giňişleýin barlaglardan geçirilýär: ganda zäherli maddalaryň metaboliki bozulmalarynyň, elektrolitleriň balansynyň (deňagramlylygynyň) bozulmalarynyň barlygy, bedende saklanýan glýukozanyň mukdarynyň derejesi kesgitlenilmeli. Şeýle-de, bedeniň içki agzalarynyň we sistemalarynyň funksional ýagdaýlary barlanylmaly. Kesel bejeriş işlerini barlaglaryň netijeleri alynmazdan öňürti, ýagny esasy keseliň üsti açylyp anyklanmanka, bejeriş-goraýyş çäreleriniň ýola goýulmagy möhümdir. Şonuň üçin goh-galmagalyň gulaga ýetirilip, näsagy ynjydyp bimaza etmezligi üçin, ol aýratyn otaga ýerleşdirilýär; yşyk gözi gamaşdyryp barýan ýitiden güýçli hem, otagyň içi juda bir garaňkam bolmaly däl. Bejergi işlerine gatnaşýan lukmançylyk işgärleri häli-şindi çalşyrylyp, täzelenip durulman, olaryň sany çäkli bolmalydyr. Bardy-geldi näsaglar psihomotor göçgünlige geläýseler, onda olar urnup şikes almazlary ýaly, göçgünlik ýagdaýyndan çykýançalar krowada daňylyp, baglanyp saklanmalydyr. Şonda olar gözden salynman dykgatly ideglenilmelidir.

Göçgünliligi M-holinblokirleýjiligi we gipotenziw işjeňligi pes bolan neýroleptik serişdeler (ftorfenazin, galoperidol, totiksen) arkaly aýryp bolar. Şolaryň maksada has laýygy näsagyň ýaşyna, agramyna we tabyna baglylykda galoperidolyň 2-5 mg myşsa içine sanjylýar. Eger-de derman gowşak täsir etse, onuň möçberi her bir sagatdan soň gaýtalanyp, onuň bir gije-gündizlik mukdary 40 mg-a çenli ýetirilip bilner. Şonda, elbetde, näsagyň ýagdaýyna dykgatly gözegçilik edilip, seresap bolunylmak unudylmaly däldir. Bardy-geldi dermanlar goşmaça täsir ýetirip, näsagyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrsa (ekstrapiramid bozulmalary döretse), onda dermanyň ulanylmagy kesilmelidir.

Neýroleptikleriň täsirini güýçlendirip, olaryň köşeşdirijiligini artdyrmak üçin benzodiazepinleriň gysga möhletli täsir edýänleriniň (lorazepam, diazepam) az mukdary berilse bolar.

**Beýni zeperlenmesinde we onuň işleýşiniň ýoýulmasynda ýa-da somatiki keselleriň esasynda döreýän gaýry psihiki bozulmalar.** Keselleriň şu hataryna girýänleri beýni işiniň bozulmagyna göni bagly bolup, olar hem öz nobatynda ençeme sebäplerden: beýniniň ilkinji dörän keselleri, beýniniň ilkinji gezek zeperlenmelerindäki ulgamlaýyn (sistemalaýyn) keseller, endokrin bozulmalar, somatogen keseller, käbir daşarky (ekzogen) zäherli maddalar (alkogol we gaýry psihoaktiw maddalardan başgalary) sebäpli, gormonal preparatlaryň ulanylmagyndan we başgalar zerarly döreýär. Şu bozulmalaryň hut özüne mahsus bolan aýratynlyklary organiki psihiki bozulmalara häsiýetli bolan demensiýa bilen deliriýniň kliniki suratlanyşynda bolmazlygydyr. Bu bozulmalar umumy düşünjede «organiki» saýylýan bozulmalara çalymdaşdyr. Ýöne bularyň organiki bozulma saýylmagy beýni keselinde ýa-da beýni işiniň bozulmagyndan döredilmesi şeýle kesel bilen

tötänlikde utgaşman, ol keselleriň uzaga çekýän garaguşagyry keselindäkisi ýaly, meselem şizofreniýa şekilli bozulmalardaky ýaly keselleriň alamatlaryna reaksiýa berlişine meňzeş bolmaýar.

Şu keselleriň toparyna şeýle anyklaýyş alamatlar mahsus bolýar:

1. Beýni keseliniň, onuň zeperlenmesiniň ýa-da işleýşiniň bozulmasynyň ýa-da psihiki bozulmalaryň döremegine bolan şertleri üpjün edýän bedeniň (organizmiň) dowamly keseliniň bolmagy;

2. Şonuň bilen bir wagtda döräp, esasy keseliň gowşamagyna baglylykda alamatlarynyň öçügsilenip yza gaýdýany bilen esasy organiki keseliň we psihiki bozulmanyň baglanyşykly bolmagynyň ähtimallygy;

3. Psihiki bozulmalaryň döremegine gaýry sebäpleriň bolmazlygy.

Aşakda görkezilen ýagdaýlar şu bölümde toparlanan sindromlaryň peýda bolmak howpuny azda-kände artdyrýar:

– garaguşagyry;

– limbiki ensefalit;

– gentingtonyň keseli;

– beýni şikesleri;

– täze döremeler, çişler;

– MNU-da (aýratynam aşgazanasty mäziň karsinomasy) uzak wagt geçensoň zyýanly täsiri ýetirýän ekstrakranial neoplazma;

– beýni-damar keselleri, zeperlenmeleri we kämilleşiş döwründe dorän kemislikler;

– sistemalaýyn geçýän deri, gury agyry keseli, ulgamlaýyn gyzyl gurt keseli we gaýry kollagenozlar;

– endokrin keselleri (aýratynam gipo we gipertireozlar, Kuşingiň keseli we başgalar);

– madda çalşygyň keselleri, meselem, gipoglikemiýa-bedende süýjiniň mukdarynyň azlygy, porfiriýa-beden reňkleriniň-pigmentleriniň gana siňip köpelmesi. Gipoksiýa – howa aýlanyşygynyň ýaramazlaşyp, bedende kislorodyň ýetmezçiliginiň döremegi);

– tropiki ýokanç we parazitar keseller (trianosomoz we başgalar);

– psihotrop däl derman serişdeleriniň zäherleýji netijäni bermegi (propranolol, L-dopa, Metildopa, gyzzyrma keseliniň garşysyna ulanylýan dermanlar).

Sindromlaryň şu toparyndan alkogolyň we gaýry psihoaktiw maddalaryň ulanylmagynda döreýän psihiki bozulmalar we deliriý bilen geçýän psihiki bozulmalar ýüze çykarylyp aýrylmalydyr.

**Organiki gallýusinoz.** *Etiologiýasy.* Muny döredýän adaty sebäpler aşakdakylardyr: beýni çişleri (aýratynam ýeňse we depe bölümlerinde döreýänleri), kelleçanagyň şikesleri, meningoensefalit, çekge garaguşagyrysy we başgalar. Şeýle-de bu sindromy sensor depriwasiýasy hem döredip biler (körlük, kerlik).

*Klinikasy.* Has ýygy duşýany eşidiş gallýusinalasiýalary bolup, olar aňyň durulygynda peýda bolup, kognitiw funksiýalaryň özgermeginde geçip, mydamalaýyn ýa-da aram-aram peýda bolup bilýär. Eşidiş gallýusinasiýalary aglaba dowamly geçişi bilen häsiýetlenip, ençeme aýlap, hatda köp ýyllar hem dowam edip biler. Adatça, eşidiş gallýusinasiýalaryň beterläp, ýetjek derejesine ýetmegi birden bolmaýar. Başdaky gallýusinasiýalar sada görnüşli bolup haýwanlaryň arlaşmasydyr uwlaşmasy, aýdym-saz eşidilme bilen utgaşyp, soňra gallýusinasiýalaryň geçmesiniň arasy kesilýär. Soňra näsaglarda werbal (sözleýiş) gallýusinasiýalary peýda bolup, olar bir ýa-da birnäçe sesi eşidýärler (erkegiň, aýalyň, çaganyň seslerini). Näsaglaryň aglabasynyň keýpi çökgün bolup suslanýar. Gallýusinasiýalaryň uzaga çekmegi käbir halatlarda, ikinji nobatda döreýän sadadan biçak ýöntem, anyk mazmunly gallýusinasiýalar bilen içgin başlanyşykly bolan paranoidiň döremegine getirýär. Emma werbal gallýusinasiýasynyň beterleýiş deliriý ýagdaýyndan çykylýan wagty ýa-da gijeki delirioz ýagdaýlaryň şondan öndürilmegi gabat gelse, onda sindromyň ýiti başlanylyp, gysgamöhletleýin geçmegi ähtimaldyr. Şeýle ýagdaýlarda gallýusinasiýalaryň emosional duýgurlygy ýüze çykyp, şolara tankydy garaýyşly çemeleşme düýbünden bolmaýar.

Gallýusinasiýalaryň we paranoid ideýalaryň mazmuny bilen şertlendirilmekde, näsaglaryň özlerini alyp baryşlary, edim-gylymlary göçgünli ýagdaýda bolup geçýär. Görüş gallýusinasiýalary hem edil eşidiş gallýusinasiýalary ýaly aň-huşuň durulygynda, wagt bilen boşlukda ugurtapyjylygyň ýitirilmän saklanylmagynda bolup geçýär. Görüş gallýusinasiýalary panoramiki ýa-da kinematografiki häsiýetli bolup, hereketdäki çylşyrymly hem owadan suratlara meňzeýär. Köplenç halatda olar adamlaryň we haýwanlaryň (ýylanlaryň, guşlaryň, balyklaryň we şuňa meňzeşleriň) keşbiniň kiçeldilen görnüşlerini görmekden ybaratdyr. Adatça, şol ýagdaý gallýusinasiýalara häsiýetli bolup, ýöne ses-üýnsüz geçýärler-de, emosiýalaram hiç bir zada degişli bolmaýar. Özleriniň gallýusinasiýalaryna näsaglar bilesigelijilikli çemeleşip, geň galma bilen garasalar-da, olar göze görünýän şekiller bilen gürleşip tanyşybermäge girişmän, gapdalyndan synlaýjy hökmünde garap durýarlar. Görüş gallýusinasiýalaryň klinikasynda paranoid ideýalary seýrek duş gelýär. Gallýusinasiýalaryň uzaga çekip, dowamly görnüşde geçmeginde olara tankydy garaýşyň döremegi hem ähtimaldyr.

*Kesel kesgidi.* Şu bapda görkezilen umumy görkezijilerdir alamatlardan daşary şu aşakdakylaryň bolmagy hem zerurdyr.

1) Hemişelik ýa-da ýygjam peýda bolup duran gallýusinaýalaryň aglaba eşidiş we görüş ýagdaýlarynyň bolmagy;

2) Aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasynyň bolmazlygy;

3) Akylyň göz-görtele peselmesiniň bolmazlygy;

4) Keýpiň bozulmagynyň beýleki alamatlardan agdyklygynyň bolmazlygy;

5) Paranoid ideýalarynyň beýleki alamatlardan agdyklygynyň bolmazlygy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Deliriýden sindrom aňyň durulygy, demensiýadan äşgär bildirýän kognitiw ýetmezçiliginiň ýoklugy bilen tapawutlanýar. Çekge garaguşagyrysynda gallýusinasiýalar paroksizmal (göçgünli) häsiýete eýe bolup, tutgaý alamatlarynyň bildirmesi bilen baglanyşykly bolýarlar-da, organiki gallýusinozdan tapawutlylykda aňyň alagaraňkylykda ýaly bozulmasynda peýda bolýar. Şizofreniýada we affektiw patologiýada gallýusinasiýalaryň ýüze çykyşy şu kesellere häsiýetli bolan alamatlaryň we äşgär ýüze çykyp bildirýän etiologiki faktorlaryň bolmazlygy arkaly kesgitlenilip tapawutlandyrylýar. Alkogolyň döreden gallýusinozyndan kesgidiniň aýdyňlygyň saklanylmagy we bejergi geçirilişiniň dürli görnüşlerde gurnalýanlygy sebäpli, organiki gallýusinoza şondan aýratynlykda garalýar.

*Bejergisi.* Bejerginiň esasy organiki bozulmalaryň garşysyna gönükdirilmelidir. Gallýusinasiýalary ýok etmek üçin neýroleptikler (galoperidol we başgalar), affektiw bozulmalar utgaşanynda bolsa trankwilizatorlar (diazepam we başgalar) ulanylýar.

**Organiki kesellerdäki katatoniki bozulmalar.** Munuň kliniki suratlanylyşy şizofreniýada beýan edilen katatoniki bozulmalaryň toplumy bilen tamamlanýar. Ýöne endogenlerden tapawutlylykda organiki katatoniki bozulmalaryň käbir häsiýetli aýratynlyklary hem bardyr. Şol aýratynlyklar umumy beýni organiki hadysasy, şeýle-de şolara has mahsus bolan ekzogen agentleriň (ýokanç keseller, şikesler, zäherlenmeler we başgalar) ýetirýän täsiri arkaly kesgitlenilýär.

Eger-de katatoniki alamatlar bir wagtda wagtlaýyn peýda bolýan delirioz alamatlar (dörän allopsihiki-daşarky gyjyndyryjylaryň janyýangynly başdan geçirmeli ýagdaýdaky ugurtapyjylygyň ýitirilmeginiň döremegindäki peýda bolan görüş hem tenedegiş gallýusinasiýalar) ýüze çykanynda, köplenç halatda hereketlenme bozulmalarynyň organiki tebigatlydygy barada oýlanmak gerekdir. Çemeleşip habar alyşmasy kyn bolan näsaglar şeýle bir autistiki (ähli zady terk edip başyndan aýlap uran dymma) bolman, has takygy galjaňlygyny ýitiren ýöne bir gürlemezek dymma bolýarlar. Şolara ýüzlenilende üzlem-saplam, gysgadan pert, ýöne mazmunyna görä, bolmalysy ýaly adaty jogaplary alyp bolýar. Işjeň däl negatiwizm durnukly bolman, «mumşekil alamaty» bolsa näsagy belli bir hereketlenmesinden sowmaklyk üçin edilýän tagallalarda kesirlik edilip, güýçli garşylygyň görkezilmegi bilen geçmeýär. Şizofreniýadaky katatoniýadan tapawutlylykda, organiki katatoniýada näsaglarda mumşekil çeýelikde «merduwan» alamaty bolmaýar (meselem, näsagyň eliniň ýazylyşynyň basgançaklaýyn hereketleri bolmaýar). Mundan-da daşary organiki katatoniýada iş ýüzünde häli-şindi görlüp ýörlen A.N. Bernşteýniň alamaty ýüze çykmaýar (ýokary galdyrylyp, şol ýagdaýynda doňup galan sag el, çep el ýokary galdyrylanynda aşak goýberilýär).

Organiki katatoniki alamatlar psihomotor galjaňlygyň peselmesi (stupor), şeyle-de şonuň ýokarlanmasy (göçgünlenmegi) ýüze çykyp biler. Aralary ýakyn

bolmadyk hersi bir ýerdäki psihomotor bozulmalar biri-birlerini çalşyrybam bilerler. Organiki katatonik bozulmalaryň aň-huşuň durulygynda döreýänligi onuň hemişe deliriniň ýüze çykyşy görnüşinde bölekleýin ýa-da tutuşlaýyn amneziýanyň ýüze çykmagy bilen geçýänligi häli-häzirlikçe anyklanylman, näbelliligine galýar. Şol sebäpli-de şu kesgidiň goýulmagyna-da, şeýle-de bu ýagdaýy deliriden takyk tapawutlandyrmaga-da seresaply çemeleşmelidir. Gaýry organiki sebäplere garanyňda ensefalit keseli we kömürturşy gazy bilen zäherlenmek şu alamaty has ýygjam döredýär diýlip hasaplanylýar. Şu baba mahsus bolan umumy maglumatlardan daşary:

• Aşakda görkezilen alamatlaryň bolmanda biriniň bolmagy hökmanydyr: a) stupor, özygtyýarly hereketleriň we sözleýşiň görnetin peselmegi ýa-da düýbünden bolmazlygy, muskul tonusynyň ýitirilmän saklanylmagynda ýagtylyga, sese we syzgyrlyga (tenedegişe) adaty reaksiýalaryň bolmazlygy; b) negatiwizm – el-aýagyň we gowränin işjeň däl hereketlerine tutýanýerli galjaň garşylygyň görkezilmegi;

• Howply hereketlere ýykgyn etmeklik ýa-da şonsuz döreýän başly-barat, bitertip hereketlenme bilen geçýän katatoniki göçgünlilik;

• Stuporyň we göçgünliligiň garaşylmadyk halatda duýdansyz çalşyrylmasy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Ýagdaý howply neýroleptiki sindromdan, katatoniki şizofreniýadan, dissosiatiw we depressiw stupordan, çaga dogurlanyndan soňraky döreýän katatoniki bozulmalardan tapawutlandyrylmalydyr.

Howply neýroleptiki sindrom uzak wagtyň dowamynda adaty neýroleptikleriň (galoperidolyň, triftaziniň, trisediliň we başgalaryň) uly mukdaryny ulanmagyň netijesinde döreýän gipodofaminenergiýa bilen şertlendirilendir. Şu ýagdaýyň ýüze çykyp bildirilişiniň esasy alamatlary gipertermiýa, myşsalaryň rigidliligi (gatamagy), stuporyň amensiýa we koma geçmekligi, wegetatiw bozulmalar we damarlaryň syzyjylyk derejesiniň bozulmasydyr. Sindromyň döremegine beýniniň organiki zeperlenmesi, interkurrent somatiki (göwre) keselleri, ažatasiýa (göçgünlilik), degidratasiýa, neýroleptikleriň ulanylyşynda möçberlerini ulaltmak ýa-da olaryň kabul edilişini ýygjamlatmak, ulanylýan neýroleptikleri utgaşdyrylmagy hem ýardam edýändir.

Howply neýroleptiki sindromdan tapawutlylykda katatoniki şizofreniýa häzirki wagtda makrokatotoniýa görnüşinde bolup geçýär.

Şizofreniýadaky katatoniki bozulma emosional-erk negatiwizmiň (esassyz garşylyk görkezmäniň) ýüze çykmagy bilen häsiýetlenýär.

Dissosiatiw stupory stressiň yzysüre başlanyp, keseki adamlaryň öňünde has görnetin hem äşgär ýüze çykarylýar, näsag ýekelikde bolsa, ol köplenç halatda aýrylyp, ýitip gidýär.

Depressiw sindromy ýüz-gözüň depressiw oýnadylyşy, aram-aram peýda bolýan mutizmiň barlygynda berilýän soraglara pessaýja ses bilen jogap berme arkaly

ýüze çykýar. Endogen depressiýasynda göreçleriň giňelmesi, tahikardiýa, içiň gatamasy, nemli bardalaryň guraksylanmagy ýaly ýagdaýlaram ýüze çykyp biler.

*Bejergisi.* Bejergi esasy keseliň garşysyna gönükdirilmelidir. Katotoniki alamatlaryň bejergisinde trankwilizatorlary (diazepam, meprobomat) we neýroleptikleriň (sonopaks, rispolent, kwetiapin) az möçberden näsaga bellemekden ybaratdyr.

**Şizofreniýa çalymdaş organiki paranoid bozulmalary.** *Etiologiýasy.* Etiologiýasynyň has ýygjamy çekge garaguşagyrysy, şeýle-de ozal geçirilen ensefalitleriň netijesinde çekge we depe bölümlerinde dörän ojaklaýyn (çäkli) bozulmalardyr. Şu topara aňyň bozulmazlygy bilen geçýän garaguşagyry psihozlary hem girýär. Maňlaý we çekge bölümleriň zeperlenmesinde erkiňe buýrup özüňe gözegçilik edip bilmek hem-de özüňi eliňde saklap bilmek ukyby ýitirip, delillendirilmedik hereketlerdir garaşylmadyk howatyrly edim-gylymlaryň, dawa-jenjeledir nadaralyga itergileýän gaýry göçgünli hereketleriň ýüze çykmagy bilen geçýän gallýusinator-paranoid ýagdaýlaryň döremegi ähtimaldyr. Şeýle psihozlaryň aýratynlygynyň näme bilen baglylygy düşnüksizligine galýar – ikitaraplaýyn nesil yzarlanylyşyň (garaguşagyrymy ýa-da şizofreniýa) agyrlygyna baglylykdamy ýa-da beýniniň mahsus merkezleriniň) düzümleriniň zeperlenme netijesindenmi? Şeýle-de psihozlaryň şizofreniýa şekilli suratlanýanlary endokrin patologiýasynda-da duş gelýär (diffuz toksiki zob).

*Klinikasy.* Organiki paranoid bozulmalaryň dowamly hem wagtal-wagtal döremekleri mümkindir. Olary biri-birine ýakynlaşdyrýan ýagdaý, olaryň ikisinde-de geçişine görä garaguşagyrynyňka çalymdaş bolan şahsyň gylyk-häsiýetleriniň ýaramaz tarapa özgermeginiň beterleşmesi, ýagny bradifreniýany, torpidligi (gowşaklykdyr, biparhlygy), aramrak pikirlenişiň jikme-jiklendirilip hetjiklenilişini öz içine alýanlygydyr. Aramrak kognitiw defisitiň alamatlarynyň peýda bolmagynda, paranoid ideýalary aňyň bozulmasyz ýagdaýynda ýüze çykýar. Paranoid ideýalary rudimentar (ýiteňkirläp galyndylysy diýilýäni), şeýle-de sistemalaşdyrylan ýagdaýda, şolaryň mazmuny dürli görnüşli bolsa-da, agdyklyk edýän yzarlaýjy ideýalar has ýygjam duş gelýär. Ideýalaryň mazmuny şahsy alada-ünjülere gaplanan ýala çalymdaş bolup, ol hem onuň başga bir sebäplerden dörän paranoid sindromyna meňzeşligini artdyryp biler. Näsaglaryň gürleýşi üzlem-saplam baglanyşyksyz bolup, motorikasy hereketleriň gowşap haýallamasyndan görnetin göçgünlilige çenli ýetip biler. Şu ýagdaýlar, köplenç halatda disforiýa bilen (keýpiň bozulmasy) utgaşýar. Psihozyň güýjäp ýetjek derejesine ýeten wagty aň-huşuň bölekleýin bozulmalary ýüze çykyp biler. Keseliň geçişi ilki döreden sebäbine bagly bolýar; meselem, garaguşagyrydaky şeýle bozulma tutgaýlar döräninden ençeme ýyllar geçensoň peýda bolup, uzak ýyllar aýrylman saklanyp biler. Bozulmalaryň ýüze çykyşynyň görnüşi tutgaýlaryň ýygjamlygyna baglydyr. Şu psihozyň şizofreniýanyň birinji derejelisiniň alamatlary bilen geçýän görnüşlileri hem gabat gelýär.

15. Sargyt №3273.

Endokrin patologiýasynda psihozlar şizoaffektiwleri ýatladýar, ýagny olardaky affektiw bozulmalar şizofreniýa meňzeşlere bap gelýärler, ýöne olara garanyňda has uzaga çekýärler.

*Kesgitlenilişi.* Kesgidiň goýluşy esasy patologiýanyň (garaguşagyrymy ýa-da organiki keselmi) üstüniň açylmagyna, şeýle-de paranoid başdangeçirmeleriň, şol sanda-da psihozyň düzümine girizilen görüş gallýusinalasiýalaryň barlygyna, mahsus emosional (disforiýa, ekstaz – biçak ýokary joşgunlylyk) suratlandyrma esaslanýar. Şu alamatlardan daşgary bozulma şu bölüme degişli bolan umumy görkezijilere-de bap gelmelidir.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Şu bozulma öňi bilen paranoid şizofreniýasynyň samramaly ýagdaýyndan tapawutlandyrylmalydyr. Organiki samrama sindromynyň peýdasyna anamnezde şizofreniýa baradaky maglumatlaryň bolmazlygynda eşidiş däl-de, utgaşan görüş gallýusinasiýalaryň agdyklyk etmegi, affektiň has ýerlikligi bilen pikirlenişiň özgerdilmän gowy saklanylmagy, organiki etiologiki faktorlaryň üstüniň açylmagy ýaly giçki (35 ýaşdan soň) peýda bolýan alamatlaram güwänamalyk edip biler. Sindromy deliriýden tapawutlandyrmaga aň-huşuň derejesiniň yraň atyp özgerip durmasy, demensiýadan – tutuşlaýyn akyl-paýhas ýetmezçiliginiň ýoklugy, organiki gallýusinozdan – paranoidiň ýüze çykyp bildirilişiniň hökmany suratda gallýusinasiýalardan agdyklyk etmegidir. Organiki affektiw sindromdan – paranoid alamatlarynyň affektiwlerde agdyklyk etmegi mümkinçilik berýär. Anamneziň maglumatlary sindromy narkologiki kesellerdäki paranoidli bozulmalardan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

*Bejergisi.* Esasy keseli bejermekden ybaratdyr. Täsirli netijäni klopiksolyň, karbamazepiniň ulanylmagynda gazanyp bolýar. Şularyň soňky ikisi goldaýjy bejergi geçirilende-de ulanylýar, çünki psihozyň gaýtalanma howpy ýeterlik derejede ýokarydyr. Paranoid ýagdaýlary bejerilende-de, organiki patologiýada giňden ulanylýan neýroleptikleri (rispolepti, kwetiapini, zipreksi) ulansa bolar.

**Keýpiň organiki (affektiw) bozulmalary.** *Etiologiýasy.* Keseliň döremegine has ýygy sebäp bolýanlarynyň biri endokrin kesellerdir (Isenko-Kuşingiň keseli, tireotoksikoz, tireoidoektomiýa, aýbaşy gelmezinden ozalky we klimakteriki sindromlary), demgysmaly hem guragyryly näsaglaryň gormonal derman serişdelerini, witaminleriň we gipotenziw serişdeleriň agdyk mukdarlaryny ulanmagyndan döreýän zäherlenmeler, kelleçanak-beýni şikesleri, beýniniň maňlaý bölüminiň çişleridir.

*Klinikasy.* Affektiw bozulmalar depressiýa, maniýa, bipolýar ýa-da garyşyk bozulmalar görnüşlerinde ýüze çykýar. Aýlawlyrak ýol arkaly organiki fon (görnüş) galjaňlygyň peselip, energetiki potensialyň ýöntemleşdirilen sada görnüşlisine ýetirilmegi, asteniýa, jynsy gatnaşyga küýsegiň özgermesi (endokrin psihosindromy), şeýle-de kognitiw ýetmezçilik ýaly bozulmalaryň utgaşmagynda-da sindromyň üsti açylýar, aýdyňlaşýar. Anamneziň üsti bilen organiki deliriýniň parçalarynyň üstüni

hem açyp bolýar. Depressiw ýagdaýlar maniakal görnüşden has ýygy duş gelýär. Depressiýa keýpiň gaçmagy, gyzyklanmalaryň we lezzet almalaryň ýitirilmegi, galjaňlygyň we hereketleriň okgunlygynyň peselmesi bilen ýüze çykýar. Goşmaça alamatlaryň arasynda öz-özüňi aýyplap köteklemeler, depressiýa, depersonilizasiýa (öz pikirleriňi, duýgularyňy, hereketleriňi özüňki däl ýaly saýmak) we derealizasiýa (daşarky dünýäniň hakykylygy ýoýulýar, daşda ýa-da has golaýda görünýär) ýaly ýagdaýlar hem bolýar. Depressiýanyň düzüminde disforiýalar, gije-gündizdäki keýpiň üýtäp, özgerip durmasynyň (çeýeliginiň) bozulmasy ýa-da ýoýulmasy ýaly ýagdaýlary hem bolup biler. Maniakal epizodlar (parçalar) pikirlenilişiň tizleşmesine we galjaňlygyň ýokarlanyp, hereketlenilişiň howsala düşülme derejeli ýagdaýyna ýetirilmesine çenli bolan ýagdaýdaky eýforiýa we öndürijiliksiz eýforiýa bilen geçýär. Bipolýar bozulmalarda affekt esasy patologiýanyň geçişi bilen baglanyşykly bolup, möwsümleýinlik şuňa häsiýetli bolýar. Başlanylyşy birden ýa-da ýuwaşdan pessaý bolup, geçişi bolsa aýrylyp ýok ediläýeninde-de hemme halatda affektiw alamatlaryň bada-bat gowşamagyna getirmeýän başky organiki sebäp arkaly kesgitlenilýär. Şolaryň soňkusy organiki zeperlenmäniň garşysyna täsirli bejergi geçirilensoň ýa-da zäherleýji preparatlaryň kabul edilmesi kesilensoň hem birnäçe hepdeläp, hatda birnäçe aýlap hem dowam edip biler.

*Kesel kesgidi.* Kesgidiň goýulmagy esasy keseliň üstüniň açylmagyna esaslanyp, şu bölümdäki umumy alamatlara gabat gelmelidir. Ýagdaý maniakal, depressiw bipolýar ýa-da garyşyk sindromly affektiw bozulmalaryň görkezijilerine-de bap gelmelidir.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Bozulma, köplenç halatda psihoaktiw maddalara garaşlylygyň döränligine bagly ýüze çykan endogen affektiw rezidual bozulmalardan, maňlaý bölüminiň atrofiýasynyň alamatlaryndan tapawutlandyrylmalydyr.

Pisihoaktiw maddalaryň ulanylmagynyň netijesinde dörän rezidual affektiw bozulmalary anamneziň üsti bilen, adaty bolan psihozlaryň abstinensiýadan (neşelerden saklanylan döwürde azarlamadan döreýän deliriniň we affektiw bozulmalaryň) anamnezde ýygjam ýüze çykyp durmagy baradaky maglumatlaryň barlygy, affektiw bozulmalaryň psewdoparaliçiň ýa-da Korsakowyň keselindäki bozulmalaryň klinikasy bilen utgaşýanlygy hem şonuň üstüniň açylmagyna ýardam edip biler.

Endogen affektiw bozulmalar gaýtadan döreýän endokrin (aýbaşyň gelmän saklanmagy, inwolýusiýa) bozulmalaryň bolma ähtimallygynda gije-gündizdäki we möwsümleýin geçýän adaty bolan dinamikasynyň organik newrologiki alamatlaryň ýoklygy bilen häsiýetlenýär. Maňlaý bölüminiň atrofiýasynyň alamatlarynyň aýratyn häsiýeti affektiw bozulmalaryň ýaşy mazaly gaýdyşanlaryň delillendirilmedik edim-gylymlarynyň alamatlary (E. Robertsonyň alamaty) bilen utgaşmasydyr.

*Bejergisi.* Munuň bejergisinde organiki etiologiki faktora (sebäbe) täsir edilmegi zerurdyr. Simptomatiki (alamatlaryň garşysyna gönükdirilen) farmakoterapiýa bejergisi organiki bolmadyk affektiw ýagdaýlaryň bejerilişi ýaly geçirilýär.

**Organiki kesellerdäki howsalaly bozulma.** *Etiologiýasy.* Howsalaly bozulmalara has ýygjam getirýän sebäpler ýürek-damar ulgamynyň patologiýasy (kardial we kardio-beýni bozulmalary, beýniniň damar zeperlenmeli keselleri), gipoglikemiýa, endokrin bozulmalar (tireotoksikoz, feohromositomanyň täsir etmegi netijesinde döreýär), böwregüsti mäzleriň patologiýasy, galkanşekilli mäziň disfunksiýasy, aýbaşynyň öňüsyrasynda döreýän we klimakteriki sindromlar), kelleçanak-beýni şikesleri deliriniň döremeginiň öňüsyrasyndaky ýagdaýlar, aýry-aýry preparatlara (atropine, skopalamine) paradoksal (garaşylmadyk düşnüksiz bolan) reaksiýalaryň berilmegi, $B_{12}$ witamininiň ýetmezçiligi.

*Klinikasy.* Bozulma agyr gam-gussaly hala düşülip, nämedir bir howatyrly betbagtçylykly ýagdaýyň abananlygyny syzgyrlyk bilen duýup, garaşylma gorkusy bilen ýüze çykyp, durkuň bilen gagşap sandyrama, döş eteginiň titremesi, göbegiň töweregindäki myşsalaryň ýygrylyp büzülmesi, kelleçanaklygynyň myşsalarynyň dartgynlaşmasy, tahikardiýa hem gan basyşynyň ýokarlanmagy, dem alşyň çaltlaşmasy, reňkiň solmasy ýa-da gyzarmasy, derlegenlik, agzyň kepemegi ýaly ýagdaýlar bilen geçýär. Pikirler hususy başdangeçirmelere gönükdirilip, gürleýiş batlanýar, çaltlaşýar. Howsalaly ýagdaýyň möwjäp barha güýjemegi depe saçyňy üýşürip elhenç ýagdaýa, uçursyz galagoplyga, alňasakly başagaýlyga salýar. Näsagyň özüni alyp barşynda howsalaly ýagdaý onuň gözlerini gorkuly elek-çelekletmesinde, karar tapyp bir ýerde ynjalykly durup, arkaýyn oturyp bilmezligine, nazaryny belli bir zada dikip bilmän şübheli gözlerini aýlamagyna, bitakatlanyp boýnunydyr ellerini dyngysyz owkalamagyna, geýiminiň ýygyrtlaryny sypalap-sermelemesine getirip, aýry halatlarda hereketlenilişi howsalanma, imany göçen ýaly göçgünlige baryp ýetýär. Bozulmanyň düzüminde gorkynyň bolmagy dürli görnüşdäki howatyrlanmalary döredip, göbeginiň töwereginiň myşsalarynyň ýygyrlyp gatamasy, agyrylaryň döremegi bilen geçýär. Şeýle ýagdaýlarda göbegiň töweregi ellenilip görlende dartgynlygyň döräp, şol ýeriň gatanlygynyň üstünden barylýar. Adatça, näsag özüniň gorkularyny kesgitli bolan haýsydyr belli bir zat bilen baglanyşdyrmaýar. Dörän howsalanyň çendenaşalygy näsagyň durmuş şertlerine uýgunlaşyp bilmesini bökdäp, şony diýseň çetinleşdirýär.

*Kesel kesgidi.* Kesgidiň amala aşyrylmagy üçin, ilkinji nobatda, dörän howsalanmaly organiki bozulmanyň organiki etiologiki faktorlarynyň üstüniň açylmagy aýgytlaýjysydyr. Howsalaly organiki bozulma şu bölümiň umumy, şeýle-de howsalaly-fobiki (gorkuly) bozulmalaryň kriterilerine-de gabat gelmelidir.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Muny howsalaly newrotiki we fobiki bozulmalardan, şeýle-de gaýry psihozlaryň ýaňy ýüze çykyp bildirilişinden, meselem, deliriden tapawutlandyrmalydyr. Howsalaly newrotiki we fobiki bozulmalar, adatça, howsalanyň düzümine girip şöhlelenýän stress ýaly psihologik sebäpler bilen baglanşykly bolýar. Şeýle bozulmalarda howsalaly organiki kesellere häsiýetli bolan somatiki alamatlaryň üstünden barylmaýar.

Deliriýniň döremeginiň öňüsyrasyndaky howsala düşmäniň şol wagtky affektiw fonunda (bildirişinde) illýuzor gallýusinasiýalara we akyl-huşuň çalarak bulaşmasynda-da duşulýar. Emma howsalanma juda güýçli bolanda, şol ýagdaý kesgidi ep-esli derejede kynlaşdyrýar, çünki hut şol ýagdaýyň özi aň-huşuň affektiw daralmagyna (çäklenmegine) getirýär.

*Bejergisi.* Bejerginiň esasysy organiki keseliň etiologiki faktorlaryna täsir etmekden ybaratdyr. Alamatlaryň garşysyna anksiolitikler ulanylyp, näsagyň özüni alyp barşynyň düzedilmegine täsir edýän serişdeler hem bellenilýär. Kähalatlarda gijelerine neýroleptikleriň az möçberi, meselem, galoperidol ýa-da triftazin, şeýle-de antidepressantlar (anofranil, lýudiomil, mianserin, sitalopram) berilýär.

**Organiki dissosiatiw bozulmalar.** *Etiologiýasy.* Köplenç halatda dissosiatiw bozulmalaryň döremegine aýbaşynyň görünmeginiň öňüsyrasyndaky we klimakteriki bozulmalar, tireotoksikoz, neýrorewmatizm we gaýry kollagenozlar, helākçilikden ýüze çykýan psihogeniýalar bilen utgaşýan kelleçanak-beýni şikesleri sebäp bolýar.

*Klinikasy.* Munuň geçişinde aňyň hereketlenmä, sensorika we huşa bolan gözegçiligi ýitirilýär. Amneziýa, stupor, translar (ukudaka gezmeklik), körlük, tutgaýlar, anesteziýalar bilen utgaşyp geçýän amnestiki bozulmalaryň we fuglaryň (gorky birden, duýdansyz, görnüp duran saý-sebäpsiz ökje göterip gaçma bolan ýykgynlyk) bolmagy hem ähtimaldyr.

Ýatkeşligiň ýitirilmesi şikes bilen baglanyşykly wakalara degişli bolup, aljyraňňylyk bilen geçýär. Wakalara degişli bolan ýatkeşligiň ýitirilmegi birnäçe sagatlap we günläp ýa-da keseliň geçişiniň ähli möwritinde-de dowam edip biler. Amneziýanyň (ýatdan çykarylmanyň) keseliň diňe käbir wakalaryny we öz içine alyp geçýän ýerlerem seýrek däl. Soňky wakalaryň islendiginiň ýatdan çykarylmagy ähtimaldyr. Dissosiatiw fugaly (gorkuly) amneziýanyň göçe-göçlük, syýahat etme meýli bilen utgaşyp geçmeginiň birnäçe günläp dowam etmegem mümkindir. Şeýle ýagdaýlarda näsaglaryň özlerini alyp baryşlary daşyndan göräýmäge adatdakysy deý belli bir maksada ugrukdyrylan ýaly bolýar. Kähalatlarda şahsy keşbi özgerip täzelenen ýaly bolýar. Fugalaryň döwri büs-bütin ýatdan çykarylýar.

Dissosiatiw stupory özygtyýarly hereketleriň haýallamasy ýa-da düýbünden bolmazlygy we daşarky gyjyndyryjynyň täsirlerine (ýagtylyga, goh-galmagala, tenedegişe) reaksiýalaryň döremezligi, gürleýşiň kesilmesi bilen ýüze çykýar. Stupor fiziki sebäplere bagly bolman, psihiki şikesleri salýan şertler bilen şertlendirilýär. Öwrenip özleşdirme, ele alma ýagdaýy we translar şahsy meňzeşligiň we daş-töwerekdäki zatlara düşünmegiň ýitirilmegi bilen häsiýetlenip geçýär. Şonda hereketlerdir edim-gylymlaryň başga bir şahsyň, ruhuň, hudaýyň emri, kesekiniň güýji arkaly ugrukdyrylýan ýaly bolýar. Üns bilen düşünmeklik daraldylyp, çäklendirilýär. Hereketleriň birsyhly gaýtalanylyp durulmasy, durşuň durkuň häli-şindi üýtgedilip özgerdilmesi, şol bir sözleriň hetjiklenilip gaýtalanylmasy hem hä-

siýetli bolýar. Şu bozulma medeni, dini, psihotiki, garaguşagyry translary bilen baglanyşykly bolmaýar.

Motorika (hereketlenmeler) bozulanynda el-aýagyň doly ýa-da ýarym paraliçi (plegiýalar), ataksiýa, abaziýa, asteniýa, akineziýa, afoniýa, dizartriýa, blefarospazm döreýär. Dissosiatiw tutgaýlar daşyndan göräýmäge garaguşagyry tutgaýlaryny ýatladýan bolsalar-da, olardan tapawutlylykda aň-huşuň daraldylan ýagdaýynda «il gözüne» ýörite görkezilmek üçin bilkastlaýyn edilýän ýaly bolup, birnäçe minutlap ýa-da birnäçe sagatlap dowam edýär. Olaryň essiniň aýylmasy, ýarym-ýaş bolup aglamak ýa-da jykyrdap gülmek, durkuň bilen gagşap sandyramak, daşyndan göräýmäge aň-huşuň ýitirilme alamatlysy bolsa-da, ýöne hakykatdan welin aň-huşuň ýitirilmeýän abortiw (uzaga çekmän birden kesilýän) görnüşlisi bolýar. Şu bozulmalaryň aýratynlygy olaryň sähelçe bahanadan ýa-da uşak-düşek şikes salynmadan döreýänligidir. Görkezilen alamatlar şol bir kadaly meňzeşliginde keseki adamlaryň öňünde-de, näsaglar ýekelikde wagty hem döräp, wegetatiw bozulmalar bilen geçýär.

*Kesel kesgidi.* Kesgitlemek üçin ownuk (örän çäkli) newrologiki alamatlaryň, endokrin we dissosiatiw bozulmalaryň utgaşyşynyň üstüniň açylmagy zerurdyr. Mundan-da başga bozulma şu bölümiň umumy alamatlaryna-da gabat gelmelidir.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Munuň garaguşagyrydan hem dissasion (konwersion) bozulmalardan tapawutlandyrylmagy zerurdyr.

Garaguşagyry tutgaýlary EEG-niň adaty suratlanylyşynda aň-huşuň doly ýitirilmeginde geçýär (koma). Konwersion bozulmalar psihoşikesleriň ýoňsuz derejä ýetirilme ýagdaýynda geçip, keseki adamlaryň öňünde somaldylyp, hasam aýdyň ýüze çykarylýar.

*Bejergisi.* Bejergi geçirilende esasy kesel göz öňünde tutulyp, hasaba alynýar. Dissosiatiw bozulmalaryň bejergisi geçirilende psihoterapiýa usullary, gylyk-häsiýetiň, özüňi alyp barşyň düzeldilmegine gönükdirilen bejergi, şeýle-de trankwilizatorlar (diazepam, elenium, meprobomat) köşeşdiriji nootroplar (fenibut, pantogam) bilen utgaşdyrylyp geçirilýär.

**Organiki emosional – labil (asteniki) bozulmalar.** *Etiologiýasy.* Köplenç halatda serebrowaskulýar (beýni-damar), ýagny dissirkulýator ensofalopatiýalar diýilýäni bilen baglanyşykly, şeýle-de kelleçanak-beýni şikeslerden uzak wagt geçensoň döreýär. Demensiýa hem öz janyna kast etjek bolanlarda, uzaga çekýän ensefalitlerde we ýokanç kesellerde, beýni çişlerinde döreýär.

*Klinikasy.* Keseliň ýüze çykýan esasy alamatlary mejalsyzlyk, tiz ýadamaklyk ynjyklyk, keýpiň durnuksyzlygy, wegetatiw alamatlar we uky bozulmalary bilen utgaşýar.

Asteniýadaky ýadamaklyk hemişe işiň öndürijiliginiň peselmegi, aýratynam aňa agram salynýan işlerde şonuň hasam äşgär çykýanlary bilen utgaşykly geçýär. Näsaglar zatlara düşünip bilmesiniň kynlaşanlygyna, ýatkeşliginiň peselenligine,

ünsüniň durnuksyzlanýanlygyna şikaýat edýärler. Düşünjeleriň, hyýalagetirmeleriň sanydyr göwrümi azalýar. Şolaryň söz arkaly düşündirilmesi kynlaşýar: gerekli sözleri saýlap tapyp almak başartmaýar. Asteniýada tiz ýadamaklyk we aň işiniň öndürijiliginiň peselmesi bilen bir hatarda hemişe diýen ýaly psihiki deňagramlylyk ýitirilýär. Erkiňe buýrup, özüňi eliňde saklamak ukyby ýitirilip, şolam ynjyklyk, gyzmalyk, gazaba gelmeklik, hüňňürdemeklik, igenmeklik, bolgusyzlyk görkezmä iterýär. Keýp aňsatlyk bilen özgerip, üýtgäp durýar. Ujypsyzja sebäpleriň döremegi sustupeslige, esassyz howsalanma, howatyrlanyp gorkuly, göwünçökgünli, bolgusyz hem esassyz ähmiýetli ýagdaýlara getirýär. Ýakymsyzdyr şatlykly wakalaryň ikisem hamsykdyryp, hapa bolmagyna, gözüniň ýaşarmagyna, affektleriň golda saklanyp bilmezligine sebäp bolýan ýerlerem seýrek däl. Hemme giperesteziýa (duýgularyň ýitileşmegi) döräp, öňi bilen çasly seslerdir gohlara, gözi gamaşdyryp barýan ýiti yşyga duýgurlyk ýokarlanýar. Wegetatiw bozulmalara (gan basyşynyň ýokarlanyp hem peselip durmasy, tahikardiýa, endamyň gyzýanlygyny duýmak ýa-da tersine, üşäp gagşamak, güýçli derlemeklik) we somatiki häsiýetli ýakymsyz dürli duýgularyň (başaýlanma, ýiti we dowamly agyrylar) döremegi hem şuňa häsiýetli bolýar. Uky bozulmalary uka gitmäniň kynlaşmagy, ukynyň ýüzleý bolup, howsala salýan gorkuly düýşgörmeleriň bimaza etmegi, gijäniň bir wagtlary ukudan oýanmaklyk, soňundan täzeden uka gitmekligiň kynlaşmasy, daň atmanka irden oýanmaklyk bilen ýüze çykýar. Hakykatda näsag gijelerine uklaýanam bolsa, ol ukusynyň ýoklugyny, süýji ukyny alyp bilmezlikden ejir çekýänligini aýdýar.

*Kesel kesgidi.* Munuň kesgidi şu bölümde getirlip görkezilen umumy alamatlardan daşary, ýagdaýy aşaky görkezmelere-de laýyk gelmelidir: 1) kliniki suratlandyrylyş affektiň labilligi (durnuksyzlygy) arkaly kesgitlenýär (dürli görnüşdäki emosiýalaryň gözegçilik etdirmezligi, şolaryň birmeňzeş görnüşde ýüze çykmaýanlygy); 2) somatiki häsiýetli dürli ýakymsyz duýgularyň bolmagy (başaýlanma, ýiti hem dowamly agyrylar. Muňa tiz ýadamaklyk bilen gamgynlyk (asteniýa) utgaşybam biler, ýöne kesgidiň goýulmagynda onuň uly ähmiýeti bolýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Köplenç halatda özüne mahsus häsiýetli anamneziň bolmadyk hem psihologiki sebäpler bilen baglanyşykly newrotiki bozulmalardan (newrasteniýa we gaýry mahsus newrotik bozulmalar) we stresden tapawutlandyrylmalydyr. Organiki asteniýalar juda sadalygy bilen tapawutlanýar, çünki olaryň haýsy-da bolsa bir derejede näsagyň kesele bolan reaksiýasy ýylmanaklanylyp, bozulmanyň ýüze çykyşy has gödeňsi görnüşde bolýar – organiki asteniýa agyr boldugyça, ondaky adinamiýa elementleri şonça-da köp bolup, psihiki alamatlaryň köpdürliliginiň sany selçeňleşýär.

*Bejergisi.* Esasy keseliň bejergisiniň geçirilmeginden daşgary MNU-umumy oýandyryjylar: (aloýe, ženşen, fibs, eleuterokokk), nootroplar (pirasetam, fenibut, glýutamin kislotasy, ensefabol, aminalon) berilýär we uly möçberde witamin bejergisi, fizioterapiýa geçirilýär.

**Ýeňil kognitiw bozulma.** *Etiologiýasy.* Bozulma Alsgeýmeriň keseli, damar kemakyllygy ýaly atrofiki kemakyllyklaryň irki döwürlerinde, şeýle-de kelleçanak-beýni şikesleriniň getiren giçki netijelerinde, ensefalitlerde, ulgamlaýyn bozulmalarda, şol sanda-da AIDS-de bolýar.

*Klinikasy.* Kognitiw önjeýliligiň peselmesi, esasan-da, ýatkeşlik, oýlanyş, gürleýiş, özüňi alyp barşyň edim-gylymlar sebitlerinde ýüze çykýar. Ýatkeşligiň bozulmasy haýsy-da bolsa bir derejede onuň esasy üç tarapyna: kabul etme, saklama we ýadyňy dikeltmä degýär. Käbir halatlarda dismnestiki, beýleki birinde amnestiki bozulmalar, ilkinji nobatda bolsa fiksasion (berkidiji) amneziýa agdyklyk edýär. Akyl-paýhasyň işiniň bozulmagyna pikir öwürmäniň derejesiniň peselmegi (alnan maglumatlara düşünme, dürli pikirleri çugdamlap jemläp bilme hem saldarlama), ädiljek ädimleri amala aşyrjak işleri öňünden takyklap, ölçerip-döküp bilme, gutarnykly netije çykaryp, bellibir karara gelme (daşky we içki dünýäniň aýry-aýry zatlarynyň arabaglanyşygyna bolan gatnaşygyny kesgitläp ýola goýup bilmek), şeýle-de umumy hem abstrakt pikirleriňi tertipläp düzgüne salma kynçylygyna hötde gelmäniň ýitirilmegi güwänamalyk edýär. Gürleýiş söz babatyndan garyplaşdyrylýar, häli-şindi kömekleşiji goşmaça sözler, nusga öwrülen aýlawly düşünjeler ulanylýar. Özüni alyp barşy aljyraňňy görnüşde bolup ynjyklyk, keýpiň bozulmasynyň aňk-taňk bolup geňirgenmeklik hem-de durnuksyz affekt bilen utgaşyp geçmegi ýüze çykýar. Bozulma esasy kesel döräninden iki hepdeden soň ýüze çykýar.

*Kesgitlenişi.* Sindromyň kesgidini anyklamak üçin şu bölümdäki alamatlardan başga, aşakdaky ýagdaýyň laýyk gelmegi hem zerurdyr:

• Ýagdaýyň iki hepdeden az bolmadyk döwründe iş ýüzünde hemişe duşup duran kognitiw bozulmalaryň (ýöne başga bir beýni organiki sindromynyň kesgidi kesgitlener derejede ýüze çykmaýanlarynyň) sebäpleriniň bolmanda biriniň bolmagy: a) ýatkeşlikde, täze maglumatlary özleşdirmekde; b) ünsüni jemlemekde; w) oýlanyşda (meselem, problemalaýyn-aýgytlaýjy we abstrakt işler geçirilende, giňişleýin oýlanyşda); g) sözleýişde (meselem, düşünme, gerekli sözleri tapma);

• Kognitiw hadysalaryň tejribe psihologiki barlaglary geçirilende, şolaryň netijeleriniň gyşarmasy ýa-da peselmesi.

Adatça, kognitiw ýetmezçiligi näsagyň hut özem janagyrly geçirýär. Demensiýalarda, meselem AIDS-de, organiki amnestik bozulmalarda kesgide tapgyrlaýyn ýaly hem garap bolýar, ýöne beýni gan aýlanyşynyň bozulmalarynyň tiz geçip gidýänlerinde welin, ol özbaşdak bozulma ýaly hem bolup biler.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Kognitiw bozulmalaryň ýeňil görnüşlisi şahsyň organiki bozulmalaryna adaty bolan kognitiw bozulmanyň emosionallylary (disforiýa, affektiw durgunsyzlyk, eýforiýa), özüňi alyp barşyň bozulmalary (salparyp-süllermek, edilýän hereketleriň adaty edähetlere gabat gelmezligi) we öndürijilikligiň bozulmalaryna (paranoýalylyk) utgaşanlygy bilen tapawutlanýar.

*Bejergisi.* Bejergi esasy kesel bilen kesgitlenilip, nootroplaryň (nootropil, fenibut, glýutamin kislotasy, ensefabol, aminalon), melatonin ýaly serişdeler we beýleki MNU-ny oýandyryjylaryň bilelikde bellenmegi arkaly geçirilýär.

**Beýni kesselleriniň zeperlenmesiniň we disfunksiýasynyň netijesinde döreýän şahsyň we özüňi alyp barşyň bozulmalary.** Bu ýagdaý beýniniň dürli gurluş zeperlenmeleriniň, olaryň has köp duşýany kelleçanak-beýni şikesiniň (köplenç halatda, çekge bölüminiň zeperlenmesiniň), ensefalitleriň we ensefalomeningitleriň netijesinde döreýär. Şahsyň we özüňi alyp barşyň bozulmalaryň utgaşanlary ýa-da ýiteňkirlän galyndylylary hem bolup biler. Bozulma zeperlenen bölümiň ýerine, onuň täsiriniň dowamlylygyna we beýnide geçýän umumy özgerişlere bagly bolýar. Postensefalitiki we postkommosion sindromlar şahsyň bozulmalarynyň kesgidiniň geçirilmeginde, köplenç halatda, diňe tapgyrlaýyn bolýan ýagdaýlardyr.

**Şahsyň organiki bozulmalary.** *Etiologiýasy.* Munuň döremegine agyr hem gaýtalanýan kelleçanak-beýni şikesleri ensefalitler, çaga serebral paraliçleri, olardaky somatiki bozulmalaryň utgaşmasy sebäp bolýar.

*Klinikasy.* Alty aýyň we ondan-da gowrak wagtyň dowamynda gylyk-häsiýetiň özgermeleri ýüze çykyp, olar şahsyň kesellemezinden ozalky häsiýetleriniň ýitelmesi ýa-da torpidliligiň, maýyşgaklylygyň, bradifreniýanyň döremegi bilen häsiýetlenýär. Höwesdir-meýilleriňe gözegçilik etmek we emosiýalaryň bildirilişi peselip, olar durnuksyzlanyp ýüzleý bolýar, olarda eýforiýa ýa-da apatiýa agdyklyk edýär. Eýforiýa göwün joşgunly hakyky şatlanmadan mahrum edilen bolup, ony näsaglaryň özlerem aňyp bilýär. Eýforiýada, aýratynam ol maňlaý bölümleriniň zeperlenmeginiň netijesinde dörän bolsa, şoňa häsiýetli bolan ýüzleýden-ýöntem, samsyklaç henek atmalara, suwjuk degişmelere ýykgyn etmeklik häsiýetli bolýar.

Beýniniň maňlaý bölümleri zeperlenende biparhlyk, apatiýa, höwesekligiň we töwerekde bolup geçýänlere bahana aralyp häli-şindi gahar-gazaba gelinmek, aýratynam meýli içgiler içilende onuň hasam güýjäp, dawa-jenjel turuzmaga, ýakalaşyp uruşmaga meýillendirip itergilenýänligi ýüze çykýar. Jemgyýetde kabul edilen umumy düzgün-tertipleriň, köpçüligiň durmuşyna girizilen ýörelgeleriň, edep-ekramyň saklanylyşy bozulyp, özüňi köpçülikde bolmalysy ýaly tertipde saklap, edepli alyp barmak ýoýulyp, hatda jynsy gatnaşyk etmek taýdan eden-etdilige ýol berilýär-de, kanuny bozmaklyga çenli barlyp ýetilýär. Şolaryň iň bir adatysy – näsag öz goýberen nogsanlyklarynyň nirelere eltip, nämeler bilen gutarjaklygyny, töwerekdäkilere hupbat baryny çekdirip, olara köpsanly kynçylyklar döredip, tükeniksiz aladalara goýup köseýänligini öňünden görenok. Töweregindäkileriň bolşuny ýazgaryp günäkärlemesi bolsa, olara öz hususy bähbididir aladalaryny çözmegi üçin aralyk bahana bolup, ýygjam ulanylýan oňaýly serişdä owrülýär.

Çekge garaguşagyrysynda degşip-gülşüp oýnama ukyby köplenç ýitirilip, edim-gylymlaryň haýal-ýagalladylmasy, gep-gürrüňleriň süýndürilip-sarkdyrylmasy (ýasama pelsepeçilik bilen meşgullanmak, söhbetdeşiň içgin gyzyklan-

maýanlygyna garamazdan goýazy pikirlerde ünsüňi çugdamlamak) we tutgaýlaryň bildirmeýän wagty görnetin dawakeşligi, yrsarap oňşuksyzlygy görkezmek ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar. Şeýle näsaglarda gipergrafiýa (tükeniksiz gündelikleri düzmek, tekstler ýazmak), dini ruhanalyga başyň bilen berilmek ýa-da haýsy-da bolsa bir ruhubelentlikli pikirdir-hyýallara batyp gümra bolmak, şeýle-de gipersek-suallygy görkezmek häsiýetli bolýar. Akyl-huş kemisligine baryp ýetmeýän ýeňil görnüşli kognitiw bozulmalaryň (gysgamöhletleýinli ýatkeşligiň peselmesi) döremegi hem mümkindir. Eger-de morfologiki gurluş özgerişleri dörese, onda sindrom has durnukly bolýar.

*Kesgitlenişi.* Esasy keseliň we adaty kognitiw hem häsiýet özgerişleriniň üstüniň açylmagyna esaslanýar, Anamneziň we kesel babatdaky gaýry maglumatlardan, beýniniň zeperlenmelerinden we şonuň disfunksiýalardan başga kesgidiň şübhesizligi ýene-de iki ýa-da ondan-da artygrak alamatlaryň bolmagyny talap edýär:

1. Maksadalaýyk hereketleriň amala aşyrylma ukybynyň lomaý derejede peselmegi;
2. Emosional l abilligi (eýforiýadan-disforiýa), kähalatlarda apatiýa çenli ýetmegi;
3. Emosiýalaryňy ýüze çykarmagyň we isleg-meýilleriň gözegçilikden sypmagy we edepsiz tagaşyksyz edim-gylymlaryna ser salnyp hasaba alynmazlygy;
4. Şübheli ýa-da paranoid ideýalar (adatça, mazmuny gapdala sowlan pikirler);
5. Gürleýşiň badynyň özgermesi, onuň haýalladylyp süýndürilip-sarkdyrylmaklygy we gipergrafiýa;
6. Jynsy gatnaşyk edim-gylymlaryň özgermesi.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Şahsy bozulmalar köplenç halatda ýatkeşligiň peselmesi bilen utgaşýan demensiýadan tapawutlandyrylmalydyr. Şahsyň organiki bozulmalarynyň demensiýadan has takyk tapawutlandyrylşy neýropsihologiki barlaglaryň, newrologiki KT we EEG-niň maglumatlarynyň esasynda geçirilýär.

*Bejergisi.* Esasy keseliň garşysyna geçirilýän bejergiden başga nootroplar (aminalon, glýutamin kislotasy, ensefabol), edim-gylymlaryň gözegçiligini dikeldip, şonuň tertipleşdirilmegine ýardam edýän preparatlar: karbamazepin, litiý karbonaty neýroleptikleriň az mukdary bilen utgaşdyrylyp bellenilýär.

**Postensefalitiki (ensefalitden soňky) alamatlar toplumy (sindromy).** *Etiologiýasy.* Döredýän sebäbi wirus ýa-da bakterial ensefalitidir.

*Klinikasy.* Alamatlary mahsus (gönümel şuňa degişli däl) bolman, kesele getirýän mikrobyň görnüşine we ýokanç keseliň döräninden soňky geçen wagta bagly bolýar. Keseliň newrologiki keşbinde parezleriň, kerligiň, afaziýanyň, apraksiýanyň (maksadalaýyk hereketleri edip bilmezlik), akalkulýasiýanyň (sanap bilme ukybynyň ýitirilmegi) bolmagy mümkindir. Emosional ýagdaýda-da

apatiýanyň, organiki asteniýanyň döremegidir. Kognitiw bozulmalar pikirleriňi jemläp belli bir karara gelme we pikirleriňi çugdamlap belli bir manydyr netije çykarma ukyplarynyň, önjeýliligiň ýitirilmesi bilen ýüze çykýar. Ukusyzlyk bilen işdäden kesilmegem duş gelýär. Durmuşa uýgunlaşyp bilmekligiň wagtlaýyn bozulmasy kognitiw ýetmezçiligi bilen şertlendirilendir.

*Kesel kesgidi.* Rezidual döwründe ensefalitleriň üstüniň açylmagyna esaslanýar:

1. Bitaplygyň, apatiýanyň ýa-da ynjyklygyň;
2. Kognitiw funksionirlenmegiň peselmeginiň;
3. Ukynyň bozulmagynyň we işdäniň kesilmeginiň;
4. Seksual sebitde we sosial oýlanyşda özgermeleriň bolmagynyň;
5. Rezidual newrologiki alamatlaryň bolmagynyň.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Şahsyň organiki bozulmalaryndan tapawutlandyrylmagy anamneziň maglumatlaryna esaslanýar. Mundan başga-da, adaty sindromy düzedip bolýar. Hut şu ýagdaý şahsyň organiki bozulmasyndan düýpli tapawutlanýan tarapydyr.

*Bejergisi.* Nootroplar hem trankwilizatorlar bilen bir hatarda gaýnaglama garşy bejergi hem geçirilýär.

**Postkommosion alamatlar toplumy (sindromy).** *Etiologiýasy.* Alamatlar toplumy (sindrom) kelleçanak-beýni şikesi (adatça, essiň aýylyp özüňden gitmek) alnandan soň döreýär.

*Klinikasy.* Alamatlar toplumy ýygjam döreýän kellagyrylar, başaýlanmany, giperakuziýany, tiz ýadamaklygy, ynjyklygy, pikirdir ünsüňi jemläp bilmäniň we akyl-paýhasly meseleleriň çözgüdini çykaryp bilmekligi, ýatkeşligiň bozulmasyny, ukusyzlygy, stresleri, emosional agram salynyşlary ýa-da alkogola bolan tolerantlylygyň (çydamlylygyň) peselmegini öz içine alýar. Bu alamatlar mertebäňi peseldip, at-abraýyň ýitirilme howpunyň howsalasyna düşülmegiň we beýniniň yzy üzulmän birsyhly zeperlenmesinden ätiýaç edip, gorkmanyň esasynda depressiýa we gorkular bilen geçip biler. Şeýle duýgular esasy alamatlary güýçlendirip, netijede amatsyz bolan «zyýanly halkanyň» emele gelmegine getirýär, ýagny keselden saplanyp aýňalmagy kynlaşdyrýar. Käbir näsaglar ipohondriki ýagdaýda bolup, ünsüni keseliniň takyk kesgitlenilmegine hem-de bejerilmegine gönükdirip, şonuň üstünde dyngysyz döwnäp gaýgy-gama batýar, öz halyny agyrlaşdyryp, hemişelik näsaga öwrülýär.

*Kesel kesgidi.* Anamneziň maglumatlaryna, sefalgiýa (kellagyrylar), başaýlanma, affektiw durnuksyzlyga, bitaplyga, kelleçanak-beýni şikeslerinden soň döreýän asteniýa alamatlaryna esaslanyp geçirilýär. Şikes gaýtalanandan soň kesgit aralyk görnüşe öwrülip, şahsyň organiki bozulmasy beterleýär.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Tapawutlandyryş kesgidiň geçirilmegi üçin alamatlaryň gaýraüzülmäniň barlygyna güwänamalyk etme mümkinçiliginden ugur al-

nyp, goşmaça barlaglaryň (EEG-iň, okulonistografiýanyň, KT-iň, oňurga ýiliginden suwuklyk almanyň) maglumatlaryny hasaba almak maksadalaýykdyr.

*Bejergisi.* Ynjaldyjy ýagdaýyň döremegi maslahat berlip, nootroplar (pirasetam, fenibut, glýutamin kislotasy, ensefabol, aminalon), az mukdarda trankwilizatorlar (seduksen, meprobomat, fenazepam, antilepsin) ulanylýar.

## 20-nji bap. Şizofreniýa, şizofreniýa çalymdaş we paranoid bozulmalar

Şizofreniýa we şizotipiki bozulmalary genetiki mehanizmler ýakynlaşdyryp birleşdirýär, ýöne şizotipiki bozulmalar, köplenç halatda ambulator ýagdaýda (aýak üstünde) geçýär. Paranoid bozulmalaryň we şizofreniýanyň ilkinji dörän psihozlarynyň geçýän tapgyrlarynda olaryň tapawutlandyrylmasy çetin bolansoň, şizofreniýanyň kesgidi şoňa häsiýetli bolan alamatlaryň äşgär bildirip, barlygynyň görnetin ýüze çykarylmagy üçin alty aý möhletde kliniki gözegçilik edileninden soň goýulýar. Kesgidi goýulmaly şu topary, ýagny şizofreniýany, şizotipiki we paranoid bozulmalary oýlanyşyň üýtgemesi we psihozyň funskional häsiýetlidigi birleşdirýär. MNU-yň destruksiýasynyň, hakykatdanam ýoklugyny ygtybarly tassyklamak üçin bolsa obýektiw usullar arkaly düýpli barlaglardan geçirilmelidir.

**Şizofreniýa** – bu psihikanyň bitewiliginiň bozulmagy bilen häsiýetlenip, yzy üzülmän ýa-da tutgaý görnüşde geçip, ýüze çykyp bildirişi dürli derejede bolan önjeýly (pozitiw) we negatiw görnüşlerde şahsy özgerdip, energetiki potensialy (güýç-gurbaty) peseldýän, emosional reaksiýalaryň we erk-ygtyýaryň ýüze çykarylmagyny ýoýup garyplaşdyrýan, gutarnykly (soňlaýjy) netijesinde bolsa, köplenç halatda apatiki şahsyň ýoýulmasyna (defekte) getirýän psihiki keseldir. Ýöne keseliň beterläp möwç alşy togtap, bozulmalaryň öwezi dolunylyp, keseliň başlangyç tapgyrlarynda näsag keselden saplanyp, doly sagalma bilen tamamlanyp hem biler.

Şizofreniýa baradaky ylmyň taryhy psihiatriýanyň taryhy bilen gönümel hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şu kesel häsiýetli bolan aýry-aýry alamatlaryň suratlanylyşy dürli awtorlar tarapyndan beýan edildi. Nemes psihiatory Kalbaum (1828–1899) katatoniýanyň alamatlaryny ýazypdy, nemes psihiatrlarynyň ýene biri H. Gekker (1843–1909) gebefreniýa baradaky düşünjäni lukmançylyga girizdi, belgiýaly psihiatr Morel B. (1809–1873) bolsa ilkinjileriň biri bolup «irki kemakyllyk» (dementia praecox) diýen adalgany ulanyp, ýaş adamlarda döreýän şu keseliň saglyk üçin biçak weýrançylykly geçýänligini hem nygtapdy. Emma şizofreniýanyň nozologiki özbaşdak aýratyn kesel görnüşindeligini tassyklaýan hususy alamatyň döremegine psihiatriýa öňler biri-birinden aýratynlykda, üzňe garalan psihiki bo-

zulmalary «irki kemakyllyk» (dementia praecox) diýen adalgada birleşdirilip, keseliň esasy alamatlarydyr görnüşlerini bölüp görkezen nemes psihiatory Krepelindir (1856–1926). Ony bölüp tapawutlandyranda Krepelin Grizingeriň (1817–1868) düzen nozologiki formasynyň görkezijilerinden: etiologiýasynyň, alamatlarynyň, geçişiniň we patanatomiki suratlanyşynyň birmeňzeşliginden ugur alypdy. Geljekdäki synçylardyr-barlaglçylaryň şu keseliň organiki sebäbiniň we özboluşly patoanatomiki suratlanyşynyň bilim-düşünjeleriniň üstüni ýetirjekdiklerine bil baglan Krepelin, bolmanda onuň geçişiniň hem alamatlarynyň birmeňzeşligini görkezmäge beri synanşaýyn diýen maksady öz öňünde goýupdy.

Şizofreniýanyň etiologiýasynyň hem patomorfologiýasynyň üstüniň açylmagy şu güne çenli hem gutarnykly öwrenilmän, çözülmänligine galýar. Şeýle-de keseliň patognomiki bildirip ýüze çykyşynyň üstüni açmak entek başardanok. Görkezme ölçegleriň biri hökmünde psihotiki başdan geçirmelerden tapawutlandyrýan şahsy reaksiýany ulanyp duýgudaşlyk bildirilmek arkaly näsagyň hususy başdan geçirmelerine siňip, şoňa çümme diýen Ýaspersiň taglymatyndan (ideýasyndan) peýdalanmak hem şonuň önjeýsizligi (peýdasyzlygy) sebäpli ulanylman taşlanypdy. Konradyň (1958) şizofreniýa has mynasyp bolan hakyky dünýä bilen aranyň üzülmegi, özüňe we daşyňy gurşaýan dünýä bolan gatnaşyklaryňy gapdaldan synlaýan ýaly kabul etmäge mümkinçilik berýän başga bir düzgüne geçmek fenomeni keseliň ähli tapgyrlarynda ýüze çykarylmaýar. Şizofreniýa aýratyn görnüşli bir bitewi kesel görnüşindäki derejäni diňe alamatlarynyň we geçişiniň, hatda olaryň hem ygtybarly bolmadyk ygrarak, Krepeliniň göz öňünde tutan formasyndan has daş bolan takmyny birleşiginiň netijesinde gazanyldy.

Beýlekileriň (1857–1939) uzak ýyllaryň dowamynda geçiren barlaglarynyň netijesinde Krepeliniň bölüp çykaran nozologiki birligi (ýagny aýratyn görnüşli keseldigi) sözüň doly manysynda irki (çünki kesel ýaşy durugşanlarda-da döräp bilýär) kemakyllyga getirýänligi (sebäbi keseliň soňunyň kemakyllyga syrykmagy hökmany suratda bolup duranok) iş tejribesinde hemişe gabat gelmeýär. Ol hut kesele gönümel degişli häsiýetlenmäni, şonuň iş tejribesinde hemişe ýüze çykyp durmaýan birligini däl-de, kliniki alamatlarynyň düzüm toplumynyň durnuklydygyny, ahyr soňunda-da E. Bleýleriň teklip eden «şizofreniýa» diýen adalgasynyň durmuşda gutarnykly orun alanlygyny göz öňünde tutup, şu pikiri inkär etmän makullapdy. Ol psihiki hadysalaryň häsiýetli bölünmesini oýlanyş bilen emosiýalaryň we edim-gylymlaryň arasyndaky bitewiligiň we funksional arabaglanyşygynyň ýitirilmegini onuň esasysy hasaplapdy. Mundan başga-da, ol aýry-aýry alamatlaryň bildirişiniň kesgitdäki täsiriniň dürli derejedäki güýçlüliginiň birmeňzeş däldigine, şonuň kesele getiren organiki netijesine esaslanyp, olary ilkinjilere we näsaglaryň başdan geçirýän keseline berýän reaksiýasyna salgylanyp ikinjilere bölüşdiripdi. Ilkinjilere näsaglaryň sosial arabaglanyşyklary ýitirip, dymmalygyň barha beterleýänligini (autizm),

emosiýalaryň garyplaşýanlygyny (apatiýa – biparhlyk), pikirlenişiň üýtgeşik bozulmasyny (rezonýorçylyk – gürleýşinde gerekmez artykmaç sözleri, gürrüň çişirilip söhbetiň esasy manysyna dahyly bolmadyk maýda-çüýde bolgusyz artykmaç sözleri getirmek), üzlem-saplamlygy, paralogiýany (akylly-başly oýlanma bap gelmeýän sözleýiş), simwolizmi we psihikanyň böleklenilip dargadylmagyny – shizisi (psihikanyň dürli görnüşdäki dissosiasiýasy), ambiwalentliligi psihikanyň biri-birine gapma-garşy gelýän ýagdaýyna ýykgynlyklaryň bolmagy) girizipdi. Şeýle bozulmalaryň E.Bleýleriň dört «A»-sy atlandyrylyp beýan edilýän ýerlerem seýrek däl: autizm, affektiň peselmesi, assosiasiýalaryň düzüliş tertibiniň bozulmalary, ambiwalentlilik. Ýazylyp beýan edilen alamatlar durkuna görä negatiw bozulmalara girýär. Şizofreniýanyň kesgidinde şolara aýgytlaýjy ähmiýet berilýär. E. Bleýleriň beýleki, ikinjiler diýip kesgitlän psihiki bozulmalary goşmaça bolup, senestopatiýalar, illýuziýalar we gallýusinasiýalar, paranoid ideýalary, katatoniýa, atipiki (adaty bolmadyk) affektiw bozulmalar (maniýa we depressiýa bilen) ýüze çykarylýar.

Şu bozulmalaryň gaýry kesellerde-de duşýanlygy sebäpli, ol bulary kesgitde esasy aýgytlaýjylar hökmünde hasaplamandy. Ýöne şolaryň käbirisi şizofreniýa üçinem adatydyr. Ýokarda sanalyp geçilen bozulmalar özleriniň durky boýunça önjeýlilere ýa-da pozitiw alamatlara girýär. E. Bleýleriň kesgit üçin delilleri psihiatrlaryň ençeme nesline dünýä möçberinde hünärmenlik doga-tumary ýaly hyzmat edip gelenem bolsa, ahyrsoňunda welin kliniki tejribe ýagdaýyň diňe bir düzüminiň esasynda bahalandyrylmasynyň we täzeden dikeldilmesine degişli derejede ýeterlik däldigini subut etdi.

Içine eşidiş psewdogallýusinasiýalary, özara gürleşilýän we düşündirişler beriji mazmunly eşidiş gallýusinasiýalary, göwrä gapdaldan täsir edilýän ýalylygy, pikiriniň ile aýanlygy we şolaryň zoraýakdan alnylyp hem ýaýradylyp dürli aralyklara ýetirilmegi, duýgularyň we hereketleriň güýç bilen göwrä sokulyp hem çykarylyp durulmagy ýaly alamatlary öz içine alýan «Alamatlaryň birinji derejelisi» diýen ady berip, kesgit üçin K.Şneýderiň hödürlän alamatlar toplumy has täsirli hem ýerlikli bolup, durnukly orny eýeledi. Ikinji derejeli alamatlary şeýle bir häsiýetli bolmasa-da, ýöne birinji derejeli alamatlaryň bolmazlygynda-da kesgidiň goýulmagyna ähmiýetli bolan gallýusinasiýalaryň başga görnüşlerini, paranoid kabul edişleri, bipolýar affektiw bozulmalary ýaly alamatlary girizipdi. Hadysanyň dinamikasynyň dürlüligini öwrenmek şizofreniýanyň dürli görnüşlerde tamamlanylyp soňlanylyşynda ony prosessuala we reaktiw görnüşlere bölmekligiň synanyşyklaryna-da getiripdi.

Hadysanyň belli bir görnüşleriniň mahsus alamatlar bilen häsiýetlenip geçýänliginiň çak edilmesinden ugur alan rus psihiatry A. B. Sneźnewskiý şol çemeleşmeleriň ikisiniňem birleşdirilmegine synanşypdy. Ýöne şol synanyşyklaryň hiç biri hem keseliň geçişinde oňa häsiýetli ýagdaýlaryň we häsiýetli alamat

kompleksleriniň (toplumlarynyň) üstüniň açylmanlygy sebäpli orun alman, dünýä möçberinde kabul edilmän, makullanylmady.

Lukmançylykda şizofreniýanyň dogry kesgitlenilmesini amala aşyrma ýardam etmese-de, bolmanynda şonuň kliniki keşbini düzgünleşdirmä ýetirme mümkinçiligini döretjek, ýagny esasy ýörelgeleriň arasyndaky ylalaşyga gelmäge itergilejek psihiatrik keselleriň halkara topara bölünişi hem bardyr.

*Epidemiologiýasy.* Her ýylda halkyň, takmynan, müňüsinden birine ilkinji gezek şu keseliň kesgidi goýulýar. Şu görkeziji dünýä durnukly hem ymykly bolup, millete ýa-da jynsa (tirädir halkyýete) bagly bolmaýar. Awtorlaryň köpüsiniň görkezmegine görä, şizofreniýanyň erkeklerde we aýallarda döreme howpy känbir tapawutlanmaýar. Ilatyň arasynda erkekleriň 1,1%-i, aýallaryň bolsa 1,9%-i şu kesele uçraýar; şolaryň 70%-e golaýy hassahana ýatyrylmaga mätäçdir. Keseliň adamlarda döräp başlanylyşynyň aramlyk ýaşy erkekler üçin 15-25, aýallar üçin 25-35 ýaş aralyklardyr. 35 ýaşdan soň aýallaryň 17%-i, erkekleriň bolsa 2%-i keselleýär. 10 ýaşamadyklarda we 50-den geçenlerde şizofreniýa keseli juda seýrek duş gelýär. Näsaglaryň, takmynan 90%-i 15-54 ýaş aralygyndakylardyr. Şeýlelikde, şizofreniýanyň görkezijisi 0,85%-e barabarlygy bilen häsiýetlenýär, ýagny ýer ýüzüniň milletiniň, takmynan 1%-i şu keselden ejir çekýär.

Nikaly durmuşda, abadan maşgalada ýaşaýanlara garanyňda ýekelikde ýaşaýanlaryň şu kesel bilen ýygjam keselleýänligi hem ygtybarly subut edildi. Şol bir wagtda-da tutuş milletiňkä garanyňda näsaglaryň nikany bozup aýrylyşýanlarynyň sany saglaryňkydan has ýokarydyr. Şu keselden ejir çekýänleriň somatiki kesellerden, şolaryň arasynda birinji orny tutýan inçekeselden hem gaýry ýokanç kesellerden ýogalýanlarynyň sany hem köp bolýar. Elbetde, muňa näsagyň ideglenilişi bilen bejerilişi sebäpkär bolmaýar. Lukmançylyk kömeginiň berlişiniň hiliniň gowulanmagy bilen näsaglaryň ölümine, köplenç halatda öz janyna kast etmekligi hem-de betbagtçylyklara uçramaklary has ýygjam sebäp bolýar. Näsaglaryň, takmynan, ýarysy diýen ýaly öz janlaryna kast etmäge synanyşýarlar, şolaryňam 10%-i ölüm heläkçiligi bilen tamamlanýar. Öz janyna kast etme howpuna getirýän ýagdaýlaryň has ähtimallary: özünde keseliň barlygyna gözüniň ýetmegi, jynsynyň erkek göbekliligi, ýaşyň 30-dan aşaklygy, ýokary sowatlylyk we aýratyn talapkärlik (hondanbärisilik), işsizlik we maşgalasyzlyk, keseliň gaýtalanmasynyň ýygjamlaşmasy, depressiw alamatlaryň bolmagy, keseliň beterleşen döwründen çykylýan tapgyr, hassahanadan daşarky durmuşa uýgunlaşyp bilmezlik we anamnezde jana kast edilmä synanyşyklaryň bolanlygy.

Şizofreniýalaryň adam öldürme howpy gaýry adamlaryňkydan känbir üýtgeşik bolman, paranoid we gallýusinasiýalaryň täsir edişine görä kesgitlenilip, öňünden aýdylyp bolunmajak taraplary göz öňünde tutulyp, ýöne çen-çak edilmesinden başga zat galmaýar.

Senagaty ösen ýurtlardaky şäherlerde keselleýänleriň agdyklyk edip, durmuş şertlerinde ýeter-ýetmez ýaramaz ýagdaýlarda ýaşaýanlaryň gatlagynda we düşünjesi, sowady pesleriň arasyndakylarda kesel has köp duş gelýär.

*Etiologiýasy.* Şizofreniýany döredýän sebäpler häzirki güne çenli näbelli. Keseliň döremegi üçin zerur hem ýeterlik sebäpleriň üsti entek açylanok.

Şolaryň has ýörgünlisi mono we dizigot ekizleriň, sibsleriň, ata-eneleriň we çagalaryň kesellileriniň, şeýle-de şizofreniýa kesellileriň ogullyk-gyzlyk alan çagalaryň barlanylmagynyň netijesinde keselleme howpunyň ýüze çykarylmagydyr. Şizofreniýa bilen keselleme howpy gandüşer hossarlaryň ýakynlygyna we nebere-de kesellänleriň sanyna-da gönümel bagly bolýar. Bir ata-eneden bolanlaryndan kesselliniň bar maşgalasynda şahslaryň 5-6%-i, bir ata-eneden bolan kesselliniň we ata-enäniň haýsy-da bolsa biriniň keselli bolan maşgalasynda 17%-i, ata-enäniň ikisem ýa-da doganlarynyň biri keselli bolan maşgalada 46%-i keselleýär. Keseliň ýüze çykyşy ýiti boldugyça konkordantlylyk şonça-da ýokary bolýar.

Megerem, şizofreniýalylaryň tebigy seçilişde artykmaçlyklary bilen tapawutlanýandyrlar, çünki olar agyry, gyzgynlyk, şeýle-de radiasion şöhläniň we gistamin sarsgynynyň täsirine döz gelip, has durnukly bolýarlar. Mundan başga-da, şizofreniýa kesellileriň sagat çagalarynyň aramlyk akyl-paýhasy şeýle ýaşly populýasionlarynyňkydan ýokary bolýar. Megerem, şizofreniýanyň esasynda neýtral, integral görnüşlerinde bolup, töwerekdäki dünýäniň faktorlarynyň täsir etmeginde patologiki hadysa hökmünde ýüze çykýan şizotoksin markerini göterýän ýagdaý ýatandyr?

Şizotoksiniň markerleriniň biri maýatnigiň yraň atyşyna dikanlanylyp seredileninde gözleriň haýal hereketlenmesiniň bozulmasy we beýnide döredilen potensiallaryň aýratyn görnüşlileridir.

Konstitusional ýagdaýlar (faktorlar) hadysanyň reaktiwliliginiň we ýüze çykyşynyň derejesiniň kemala gelmegine gatnaşýar. Meselem, ginekomorf aýallarda we erkeklerde şizofreniýa has oňaýly geçip, döwürleýinlige ýykgynly bolýar, şeýle-de 40 ýaşdan geçenlerde keseliň geçişi has oňaýly bolýar. Asteniki konstitusiýaly erkeklerde kesel üznüksiz geçýär, pikniki konstitusiýaly aýallarda bolsa, köplenç halatda döwürleýin bolup geçýär. Ýöne hut konstitusiýanyň özi kesellemekligi kesgitlemeýär. Adatça, morfologiki displaziýalar hadysanyň atipikiliginiň (adaty däldiginiň) ähtimallygyny görkezýär-de, şeýle näsaglaryň bejerilmesi kyn bolýar.

Biohimiki barlaglar şizofreniýany dopaminiň agdyklyk edýänligi bilen baglanyşdyrýar. Alamatlar batlanyp, pajarlap ýüze çykanynda dopamini neýroleptikler arkaly blokirlemek näsagyň ýagdaýynyň gowulaşmagyna getirýär. Ýöne dopaminiň agdyklygy diňe bir şizofreniýa häsiýetli däldir, çünki dopaminiň blokatorlary gaýry psihiki keselleri bejermekde-de täsirli bolýar. Mundan başga-da dopamin reseptorlarynyň blokirlenmesine preparatlar ulanylanyndan soň tiz wagtda ýetilýär. Şonuň kliniki täsiri bolsa has giç, birnäçe hepdeden soň başlanýar.

Negatiw (ýaramaz) alamatlarda diňe bir dopaminiň çalşygy bozulman, eýsemde bolsa gaýry neýrogormonlaryň (noradrenaliniň, serotoniniň) aýlanyşygy hem üýtgeýär. Önjeýli alamatlar ýüze çykanynda bolsa diňe bir dopaminiň mukdary köpelmän, holisistokinininiň, somatostatiniň, wazopressiniňkem artýar. Dürli görnüşdäki özgerişler uglewod, protein, lipoproteid çalşygynda-da bolup geçýär. Madda çalşygynyň bozulmalarynyň goşmaça görkezijisi hökmünde keseliň ýader görnüşlisine şu kesele mahsus bolan üýtgeşik ysyň barlygam, hondrolizis (gulagyň kentlewüginiň kemisligi bolanynda şonuň dargap, görküniň özgermegi), libidonyň tiz ýitirilmeginde jynsy kämillige ýetişmäniň tizleşmesi hem hyzmat edip biler.

Neýrofiziologiki taglymatlaryň görkezmegine görä, keseliň önjeýlikli alamatlanmasy beýniniň guýruk ýadro (maňyz) ulgamynyň, limbiki ulgamynyň disfunksiýasy bilen şertlendirilendir. Beýniniň ýarymşarlarynyň işleýşinde näsazlyklar döräp, maňlaý-beýnijik arabaglanyşygynda-da disfunksiýa ýüze çykýar. KT-de beýni-garynjyk ulgamynyň öňki hem gapdalky şahjagazlarynyň giňelenliginiň üstünden barylýar. Keseliň ýader görnüşlisinden EEG-de maňlaý tolkun ýazylmalarynyň woltaźy (dartgynlygy) peselen bolýar. Şizofreniýany ýokanç keseller (streptokokk, stafilokokk, inçekesel, içege taýajygy) we wiruslar (haýal geçýän ýokanç keseller) patologiýasy bilen baglanyşdyrmaga bolan synanyşyklar hem edilipdi. Ýöne şizofreniýaly kesellilerde ýokanç keselleriň patologiýasy döräninde immun jogabyň takyk ýoýulmalary ýüze çykýar.

Şizofreniýanyň durmuş – medeni döreýşi baradaky gipoteza senagat taýdan ösen jemgyýetiň maddy-ykdysady durmuşynyň pes gatlagynda ýaşaýanlaryň arasynda keselleýänleriň agdyklyk edip, şol gatlagyň wekilleriniň kesellänleriniň köpüsini emele getirýänliginiň üstüniň açylmagyna esaslanandyr. Öýsüz-öwzarsyzlaryň takmynan, ýarysynyň şizofreniýa keselinden ejir çäkýänlerdigi hem çak edilýär. Kesellemäniň ýokarylygy şäherlerdäki ilatyň gürlügine-de bagly bolýar. Nesil yzarlaýşyň deň derejeliligindäki (ata-enäniň haýsam bolsa bir ýa-da ikisem şizofreniýa keselli) şäherlileriň çagalarynyň şizofreniýa bilen kesellemе howpy, oba ýerlerinde ýaşaýanlaryňkydan iki esse artykdyr. Şeýlelikde, durmuşyň ýaramaz şertlerinde XXI asyrdaky durmuş-ekologiki stressiň agdyk agram salmagynda keseliň döremesi aňsatlaşýar diýen çaklamalaram ýok däl. Ýöne bu gipoteza durmuşy ýagdaýyň pese düşmeginiň keseliň netijesinde döräp biljekligini hem inkär etmeýär. Näsaglar hiç bir işiň hötdesinden gelip bilmänsoňlar, olaryň ykdysady durmuşynyň maliýeleşdirilmesi kemelip ýa-da düýbünden kesilip, maşgala abadançylygynyň uçursyz ýaramazlaşmagyna getirýär-de, hor-homsy ýaşamaga sezewar edýär. Zähmet çekmäge bolan ukyp barha peseldigiçe-de olar jemgyýetiň üpjünçilik taýdan pes bolan gatlaklaryna siňip gidýärler. Şeýle-de şäher ilatynyň arasynda keselleýänleriň sanynyň barha artmagyna durmuş-medeni faktorlardan daşary, töwerekdäki ekologiki şertleriň barha ýaramazlaşýanlygy hem täsir edip biler.

Psihoanalitiki nazaryýetler kesellemäni çagalykda bolup geçýän oňaýsyz şertlerdir wakalar bilenem baglanyşdyryp düşündirýärler: şizofrenogen, emosional sowuk hem zalym enäniň ýowuz daramagynyň täsir etmeginde maşgalada emosional dissosiasiýalaryň döremeginden, narsissizmiň (öz-özünden aşyk bolup, özüňi söýmek) ornaşdyrylyp berkidilmegi ýa-da onuň peseldilip yzyna gaýtarylmagy, gizlin beçebazlygyň ýöredilmesi ýaly ýagdaýlar.

Häzirki zaman psihoanalitiki konsepsiýalar etiologiki şertler hökmünde näsagyň irki çagalyk döwründe (2-3 ýaşyndaka) ata-enesi bilen arabaglanyşyklarynyň ýaramazlygyny hem hasaba alýar. Şol ýaramaz aragatnaşyklaryň netijesinde olaryň golastyndan, adatça, enä garaşlylykdan sypyp çykmaga mümkinçilik bolman, çagada şahs hökmündäki özbaşdaklyga bolan düşünje hem ukyp ösmeýär-de, ol özüni erkin, özbaşdak adam saýyp bilmän, özüni degişli derejede bahalandyrmany oňarmaýar, jemgyýetde mynasyp orun tutmansoň, islegdir meýline görä aragatnaşyklary gurnamak kynlaşýar. Ata-enäniň maşgalasyndaky şizofreniýa kesellä özüni adam şekilli duýmakda päsgel berýän ýagdaýlar hut şulardan ybaratdyr: höre-köşeläp häli-şindi hormatlap sowgatlar gowşurmak, yz ýanyndan hem gyňralyp, ýazgaryp käýemek, çaga birden ýakyn duýgudaşlyk bildirip, apalap söýmek, yz ýanyndan sowuk-salalygy, hyýrsyzlygy görkezip, dalap durmak. Maşgaladaky şeýle ýerliksiz pöwhelik, edilýän-goýulýan zatlaryň manysyzlygy maşgala agzalarynyň jebisliligini bozup, çaganyň enter-pelegini öwürýär-de, ol aljyrap näme ederini bilmeýär.

Umuman, bitewiligine aýdylanda şizofreniýany döredýän sebäpleriň köpdürliligi bilen häsiýetlenýän, geçişine psiho-medeni we gaýry ýagdaýlar täsir edýän şübhesiz psihiki keseldir.

*Klinikasy.* Geçirilen synlar şizofreniýanyň iň ir ýüze çykýan alamatlarynyň duýgy kütekligidigini görkezdi. Keseliň başky tapgyrlarynda bu alamat gaty bir göze ilmän, görnetin ýüze çykmaýar, ýöne hut şol wagtam ata-enä, gaýry ýakyn hossarlara we eý görülýän hormatly adamlara bolan duýgularyň kütelişip sowaşýanlygy, ozalky söýgüli güýmenjelerine we eý görýän zatlaryna gyzygynyň gaçýanlygy ýüze çykyp başlaýar-da, wagtyň geçmegi bilen hasam äşgär bildirýär. Näsag üçin has mährem, durmuşy üçin wajyp bolan gymmatly ýakyn adamlara we gaýry möhüm zatlara bolan duýgynyň kütelmegi, gerekli pursatlarda duýgynyň joşguny gaçyp gowşamagy ünsi özüne çekýän hadysadyr. Şeýle emosional küteklik näsaglarda keseliň başlaýan döwründe, entek önjeýli alamatlar, assosiatiw we erk-ygtyýaryň bozulmalary döremänkä ýüze çykyp, äşgär bildirýär. Şizofreniýa başlananda duýgularyň peselmegi we ýerliksizligi, bap gelmezligi bilen utgaşyp, şolam duýgynyň hiline, ony döreden gyjyndyryjynyň häsiýetine bap gelmezligi bilen tapawutlanýar. Şu ýagdaý beýleki zatlara garanyňda öňi bilen has uly derejede ata-enä gönümel gönükdirilen duýgularda ýaňlanýar. Adatça, näsag ata-enesiniň mylaýymlygyna, mähir-muhabbetine, edýän tagallalardyr aladalaryna ynjyklyk, keşdi çekmezlik, hatda gazaplanyp girrelmek, şolaryň ýüzüne gelip jabjynmak bilen

jogap berýär. Şonda ata-ene mähirli boldugyça, mylaýymlykly söýgini görkezdigiçe näsagyň şolara bolan ýigrençli duýgusydyr alarlyp garaýşy artyp, şonuňam näsagy gahar-gazaba getirip, hatda ata-enesine topulýan wagtlaram seýrek däl. Şeýle pursatda özüni alyp barşy, tüýsi üýtgän, durky, ýüz-gözüniň hyýrsyz keşbe gelşi, onuň gahar-gazapdan dolup, hiç bir zatdan gaýtmajaklygyny aňladýar. Näsaglara betbagtçylyk barada habar ýetirilip, şonuň hut özüne gönümel degişli pajygaly hem gynançly ajy zat barada aýdylanynda-da, ol şony ýylgyryp, hatda hezil edip gülüp diňleýän ýerlerem seýrek däl. Keseliň dowam etmeginde näsagyň duýgularynyň peselmegi, gyzyklanmalarynyň gaçmagy barha beterläp, has aýdyň ýüze çykýar. Ol indi ata-enesine, ýakyn hossarlaryna bolan söýgüsini ýitirip, dost-ýarlaryna bolan ysnyşygyny peseldýär-de, olardan sowaşyp arany açýar, durmuşynda özi üçin wajyp bolan zatlara gyzyklanmasy peselip, şolar bilen adatdakysy ýaly güýmenmesini bes edýär. Şizofreniýanyň geçişi barlanyp, doly gerimini alan tapgyrynda uzak wagtlap aýrylman saklanýan duýgularyňdyr hereketleriň ýerliksizliginde emosional kütekligiň düzüminde ilkinji orna emosional ýetmezçiligi ýüze çykýar. Näsagyň ýüz keşbi dünýäden doýgun ýaly hiç hili manyny aňlatmaýan boş, biparh bolýar, şonuň bilen bir wagtda-da şizofreniýa häsiýetli bolan ýokary derejeli ynsanyýet häsiýetleri hem instinktler gowşap peselýär. Näsaglar diňe bir deslapky söýgüli güýmenjelerine, jemgyýetçilik wakalara biparhlyk görkezmän, eýsem-de bolsa özleriniň pes, sada adaty biologiki talaplarynyň (açlyga, teşnelige, öz janyny goramagy we başgalary) kanagatlandyrylmagyna-da biparhlyk görkezip, özi üçin iňňän wajyp bolan şol zatlar bilen hem gyzyklanmaýar. Ine, hut şunuň bilenem näsaglaryň iýmite biparh garaýşyny, olaryň süňňüne agyrylar ýetirilende we tenine gyzgyn zatlar basylanda çydamlylyk görkezmeklerini, öz janlaryna haýpy gelmän, goraglamasynyň biçak peselmegini düşündirse bolar. Şizofreniýaly näsag huşunyň we akyl-paýhasynyň belli bir derejede saklanylmagyna garamazdan «iýmite ümzük atmasy, şoňa düýbünden gyzykmasy bolmansoň, uzak wagtyň dowamynda hiç zat iýmän, aç oňup bilýär, tersine, organiki kemakyl näsag bolsa şonuň ýaly şertlerde uçursyz galjaňlygy görkezip, her edip-hesip edip garnyny doýurmaga alňasaýar. Şeýle-de şizofreniýada jynsy gatnaşyga bolan höwesdir duýgularam peselýär.

Şizofreniýa keseliniň aýyklaýjy tapgyrlarynda (soňky ýetjek derejesine gutarnykly ýetende), esasan, emosional ýetmezçilik sebäpli duýgularyň kütelmesi aňrybaş derejä ýetýär. Näsaglar ýakyn adamlaryna biçak biparh garap, öz şahsy ykbaly bilenem düýbünden gyzyklanmaýarlar, olar isleg-küýseglerini ýitirip, psihiatriki hassahanadan çykman hemişe ýatanlygyndanam irmän, şoňa nägile bolup zeýrenmekdir närazylygy bildirmeýärler. Olar hereket gymyldylaryny azaldyp, hiç bir zat bilen gyzyklanman, üst-başlaryna-da esewan etmän ýören adama öwrülýärler. Ýöne keseliň şu tapgyrynda näsaglaryň bir toparynda duýgy kütekligi gowy tarapyna özgerip dikeldilen ýaly bolýar-da, şolaryň iýmitedir jynsy gatnaşyk baradaky gürrüňlerinde ýüze çykarylýar. Emma hakykatdan welin bu ýerde gürrüň

şol duýgularyň janlandyrlanlygy barada gitmeýär, çünki şolary amala aşyryp iş ýüzünde ulanmak üçin näsaglar oňa gönükdirilen hiç hili hereketdir tagalla etmän, şol öňki biparhlygydyr hereketsizliginde galýarlar. Aslyýetinde-de şeýle näsaglarda pes duýgular düýbünden bolman, gürrüň instinktleriň janlandyrylmagynda barýar. Olar bolsa şahsyň gyzyklanmasyny, hereketlenmä bolan tijenmesini kesgitlemeýär.

Şizofreniýanyň psihopatologiýasynyň aýratynlygyny ýüze çykarýan ýene bir wajyp alamaty – atipiki (bitertip, ugur-utgasyz) pikirlenişdir. Keseliň bar pursadyndan geçişiniň ähli döwründe şizofreniýaly näsaglaryň pikirlenişinde hem gürleýşinde kanunalaýyk özgerişler ýüze çykýar. Gürleýiş ýeterlik derejede kesgitli bolman, aýlandyrylyp gereginden zyýat çylşyrymlaşdyrylýar. Näsaglar umumylaşdyrylan pikirlerden deslapkysyndan has ýygjam peýdalanyp hem alnylyp barylýan gürrüňe dahylsyz bolan gepleri aýdyp, temadan sowa bolan boş ýaňramalara ýykgyn edýärler. Şizofreniýada pikirlenişiň bozulmasynyň esasy, merkezi fenomeni ataktiki gapjalma diýilýän ýagdaý bolup, şonda näsagyň gürleýşinde, aýdýan zatlarynda pikir elementleriniň kanunalaýyk getirilip ugrukdyrylmasy, rejelenilip ýerbe-ýer, many-mazmunly goýulmasy bozulýar, biri-biri bilen ugrukdyrylyp, belli bir tertibe salyp bolmajak pikirleri birleşdirmegi, utgaşdyrylyp bolunmajak sözleriň utgaşdyrylmasy ýaly adaty bolmadyk, asla heňe gelmejek zatlardyr ýagdaýlar ýüze çykýar. Şonda şeýle manysyz utgaşdyrmalaryň grammatiki taýdan dogry düzülişine-de salynýan ýerlerem gabat gelýär. Şeýle gürlenilişiň mysaly hökmünde: «Megerem, wagty gelende maşyny öçürip oýatmaly bolaýmasa-da, toý bezeginiň uzyn ýolunyň üsti bilen gidiler-dä…» diýlen jümläni getirse bolar. Pikirlenişiň şeýle bozulmasy diňe şizofreniýa mahsus bolup, gaýry psihozlarda asla duş gelmeýär.

Ataktiki pikirlenişiň ýüze çykarylyşynyň görnüşleriniň ýene biri neologizmlerdir, ýagny şizofreniýaly näsagyň biri-birlerine gabat gelmeýän söz bogunlaryny birleşdirip bitewileşdirmeginden ýasan täze sözleri. Şunda-da pikirlenilişiň patologiýasyndaky hälki kanunalaýyklyk – ataktiki gapjalma ýüze çykyp, indi şol bir jümläniň sözleriniň arasynda däl-de, aýry-aýry bogunlaryň arasynda-da döreýär. Şeýlelikde, näsagyň gürleýşinde onuň öz oýlap tapan täze sözleri peýda bolýarda, adaty sözleriň käbirine bolsa düýbünden başgaça many berilýär. Görşümiz ýaly näsag özüne täze dil ýasanýar. Rezenýorçylykda bolsa pikirlenişiň maksadalaýyk ugrukdyrylanlygy ýitirilip, sözleriň ýerbe-ýer goýluşy aýdylan sözüň ýa-da jümläniň içinde bozulman, tutuş sözlemleriň, hatda sözlemler toplumynyň aralygynda-da bolýar. Näsaglar rezonýorlykly gürrüňleri diňe bir kesgitliligiň ýitirilmegi, gürrüňiň juda agdyk umumylaşdyrylmasy bilen häsiýetlenmän, ahyr soňunda näsaglar ilkinji başlanan gürrüňiň temasyny ýitirýärler. Sözleýişde getirilýän köp sanly çylşyrymly logiki düzümler, aýlawly abstrakt düşünjeler, adalgalar agdyklyk edip, köplenç halatda şolaryň hakyky manysydyr ähmiýetine düşünilmän ulanylýar. Pikirlenme dagynyk, manysyz bolýar. Näsaglar edilýän gürrüňi takyk düşünjä salyp bilmän, aýdýan zatlaryny aýlawly ýüze çykaryp, meselelere abs-

trakt ylymlaryň (filosofiýanyň, etikanyň, teologiýanyň, biofizikanyň) nukdaýnazar-laryndan çemeleşip garaýarlar.

Abuliýa şizofreniýanyň görnükli üçünji alamatlarynyň biridir. Şizofreniýaly näsaglaryň erk-ygtyýarynyň gowşap barha dargamagynyň netijesinde çygyry çäklendirilen awtomatizmleşdirilen hereketlere geçmek ýagdaýy ýüze çykýar. Näsaglar gitdigiçe işjeň däl ýagdaýda bolup, olar ne öýde, ne-de hassahanada hiç bir iş-pişe bilen meşgullanmaýarlar, hatda öz-özlerine hyzmat etmäni-de başarmaýarlar. Wagtynyň köpüsini düşekde ýatyp ýa-da otagyň içindedir koridorda eýläk-beýläk irginsiz gezmeläp geçirýärler. Olar hiç kim bilen gürleşmän, lukman bilenem arabaglanyşyk saklamakdan gaça durýarlar. Hereketleriniň ähli görnüşleriniň gowşap peselmesinden daşary, bularda ençeme ýoýulan, kähalatlarda hatda ahlaksyz hereketler – parabuliýalaram (jynsy gatnaşyga küýseg) häsiýetli bolýar. Kliniki synlar näsaglarda ýüz-gözüň aýnadylyp oýnadylmagynyň, geň-enaýy aýny endikleriniň aýratyn görnüşlileriniň barlygynyňam üstüni açdy. Bu gözüňi adaty bolmadyk görnüşde gypmakdyr süzmek, agyz-burnuny gyşardyp ýüz keşbiňi oýnatmakdan ybaratdyr. Ýüz keşbini näsaglaryň hersi özüçe, aýratyn görnüşde özgerdýänem bolsa, ýöne onuň esasy usuly ähli näsaglara birmeňzeş häsiýetli bolýar. Parapraksiýalara duruşyny, oturyşyny dürli görnüşdäki adaty bolmadyk, ýöne katatoniýa degişli däl şekillere getirilen häsiýetli bolýar. Meselem, näsag aýaklarynyň arasyny giňden açyp durýar ýa-da çommalyp, epilip başyny aşak sallap oturýar. Olarda ýörelişem adaty görnüşde bolman, aýaklary dyzlarda we çüýjükliklerde hal-lan atdyrmak, garnyny pökgerdip öňe somaltmak ýaly diýseň wäşi görnüşlerde geçirilýär.

Parapraksiýalara näsaglaryň adaty bolmadyk üm-yşaratlary, ellerini üýtgeşik görnüşlerde salgamalary, aýratynam edýän aýny hereketleri hem girýär. Şeýlelikde, şizofreniýa ýönekeý bir abuliýa häsiýetli bolman, parabuliýa bilen utgaşdyrylan görnüşli abuliýa-da mahsusdyr.

Keseliň ýüze çykarylýan gaýry alamatlaryndan autizmi, paranoidi, gallýusinasiýalary, psihiki awtomatizm ýagdaýyny we katotoniki bozulmalary bellese bolar. Psihiatrlaryň köpüsi autizmi şizofreniýanyň esasy alamatlarynyň biri saýyp geldiler we saýmaklaryny dowam etdirýärler. Şu bozulmanyň mazmunynda näsaglaryň töwerek-daşyny gurşaýan dünýäniň täsirinden gaýry çekilip, hut özleriniň başdan geçirýän içki duýgularynadyr pikirlerine batyp, öz içki dünýäsiniň pikirlerine dykgatly dümtünmegidir diýip düşünýärler. Emma şu ýerde Ýe.Minkowskiniň (1927) autizmiň iki görnüşlidigini beýan edenliginiň ýatlanylmagam gerekdir: baý hem boş. Kesellenilmezinden öňki döwürden tiz wagtdan soň doly ýa-da boş autizmiň ýüze çykyp, näsagyň töweregini gurşap alan dünýäden arasyny üzenligine garamazdan, onuň içki dünýäsi fantaziýalar we başdangeçirmeler bilen doldurulan bolýar. Adamyň içki dünýäsi bilen daşyny gurşap alan dünýäniň arasynyň açylyp, gitdigiçe barha daşlaşmagynda tersleýin hadysa ýüze çykyp, fantaziýalar gitdigiçe

azalýar-da, ol hem boş autizmiň döremegine getirýär. Autizmli näsaglar töwerekleýin zatlara biparh garap, olaryň hiç haýsysy olary tolgundyrmaýar, adamlar bilen gürleşip habarlaşmalary çäklendirlip, juda azaldylýar, bular bilen önjeýli psihiki gatnaşygy ýola goýmak başartmaýar, çünki olar özlerine hiç kesi golaýlaşmaýan ýakynlaşdyrmaýan elýetmeze öwrülýär. Ýöne bu ýagdaý näsaglaryň hususy içki başdan geçirmelerine «batanlygy» bilen bagly däl-de, barha beterleýän duýgy kütekligi, erk-ygtyýarsyzlygy we näsaglaryň hereket-gymyldylary, galjaňlygy görkezmezligi bilenem düşündirilýär.

Awtorlaryň käbirisi şizofreniýanyň kesgidini esaslandyrmak üçin näsaglarda gallýusinasiýalaryň, paranoid ideýalarynyň, psihiki awtomatizmli ýagdaýyň barlygyna-da salgylanýarlar. Kabul edilişiň aldanmalary islendik sensor modullykda (çaklamada) bolup biler, emma köplenç halatda eşidiş gallýusinasiýalary görnüşinde ýüze çykýar. Olar dürli çaslylykdaky batly (ses), düşnükli hem giňişleýin beýanly kabul edişi hut kelläniň içinde, göwrede ýa-da daşardan gelýän sesler görnüşinde bolýar. «Sesleriň» mazmuny öz içine buýruklary, kötekläp aýyplamany, howp salmany, mertebäni depeläp, göwün syndyrmany alyp biler. Görüş gallýusinasiýalary we illýuziýalar birneme seýregräk duş gelip, gözüň görüş meýdanyndan daşarda, ýeňsesinde-de görnüp biler. Syzyş, ys alyş we tagam duýuş aldanmalaryň barlygy klinisisti beýniniň organiki zeperlenmesiniň ýoklugy baradaky pikire itergilemelidir. Köplenç halatda geň galdyryjy senestopatiki içki duýgularyň bedeniň iç agzalarynyň özgerenligini, meselem, kelläniň içinde gyzgynlygy, jyns agzalarynyň çirkizilip bişirilýän ýaly awuşamasyny, bedeniň içinden nähilidir bir hili şöhleleriň parran geçýänligini, süňklerde çapgyn agyrylary duýmak ýaly alamatlaryň peýda bolmagy bilen häsiýetlenýär.

Psihiki hadysalaryň integrasiýasynyň (sepleşdirilen bitewiliginiň) bozulmasy, öz «men»-iň kabul edilşiniň inçe bozulmalaryna, depersonilizasiýa we derealizasiýa alamatlaryň döremegine getirýär. Kesekiniň, ýagny näsagyň özüne degişli däl ýaly bolup, onuň göwresi, hereketleri, gürleýşi, höwesdir tagallalary kabul edilip bilner. Töwerekleýän dünýäni aýdyň duýuşly kabul edilişiň derejesi peselýär.

Awtorlaryň käbiri şizofreniýanyň kesgidini esaslandyrma maksady bilen ýaýbaň paranoidiň we näsaglarda psihiki awtomatizmiň barlygyna salgylanýarlar. Paranoid ideýalary diýseň köp görnüşli bolup yzarlanyşa, garaýşa, aýratyn ähmiýetlilige, beýiklige (ketdelige), söýgi owsunyna (özüne çekijiligine) degişli bolup biler. Şular şizofreniýada has ýygjam ýüze çykýanlary bolup, bu alamatlary iş ýüzünde keseliň dürli tapgyrlarynda we ähli görnüşlerinde, aýratynam paranoid görnüşlisinde görmek bolýar. Şol bir wagtda-da paranoid ideýalar şizofreniýa häsiýetli bolup, ýöne şoňa känbir mahsus däldiginem bellemek gerek, çünki olar gaýry psihozlaryňam aglabasynda duş gelýär.

Pikirleniş hadysasy hem ep-esli derejede paranoid jähtinden many berlip düşündirilýär. Näsag pikirleri daşardan alyp bilýänligini ýa-da şolary gönderip

ep-esli aralyklara geçirýänligini, kesekiniň pikirini okap bilýänligini, ýa-da öz pikirleriniň kesekilere aç-açan aýdyň bolup, şolar üçin elýeterligi barada güman edýär. Ol özüniň edim-gylymlaryna nähilidir bir ýol bilen daşardan gözegçilik edilip, yzarlanýan, gapdaldan nähilidir birhili syzgyrylmalaryň we özgerişleriň geçirilýän ýalylygy, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti arkaly öz adyna her hili gowuly-erbetli ýaňzytmalaryň, myjabatlaryň edilýänligi ýa-da onuň özüniň geçip duran wakalara adaty bolmadyk görnüşde täsir ýetirip bilýänligi baradaky hyýala getirmelerem döräp biler. Töwerekleýin ýagdaýlara we adamlara baha berip ähmiýetlendirmek we şolaryň düşündirilmegine ýalňyş äheň berlip, geçip duran wakalara we habar alyşmalara hakykatdan degişli bolmadyk many berlibem bilner.

Edil şeýle görnüşde şizofreniýa katotoniki bozulmalar häsiýetli bolup, ol onuň şeýle görnüşiniň (formasynyň) aýratyn bölünilip çykarylmagyna şert döretdi. Katotoniki alamatlaryň ýaýrawy näsagyň käbir hereketleriniň we durşunyň ýeňiljek we geň-enaýylygyndan başlanyp, göz-görtele göçgünlilige, stupora, stereotipiýalara (birmeňzeşliklere) çenli baryp ýetýär. Soňkular göwräniň, el-aýagyň birmeňzeş kadada geçirilýän hereketlenmeleri ýa-da näz-kereşmeli hereketleriň edilmegi bilenem ýüze çykyp biler. Gözüň gabaklaryny gypmak seýregem, ýygjamam ýa-da paroksizmalam (çaltlandyrlanam) bolup biler. Motorikadan daşary katatoniýa meýil-islegleriň bozulmasyna-da getirip, ol hem şolaryň görnüşleriniň häsiýetlendirilişinde ýaňlanyp, adatça, peselmegine tarap özgerdip, negatiwizm, işjeň däl tabynlyk ýaly ýagdaýlaryň hiliniň üýtgemegine-de getirýär. Edilýän hereketler duýdansyz, ýyldyrym çaltlygynda geçip, şolar näsagyň özüni alyp barşyny kesgitleýän gallýusinasiýalaryň täsir etmeginde-de döräp biler.

Şizofreniýa duýdansyz, birden döräp, psihiki keseliň barlygyna şübhe goýman agyr müşgüllikli, ýakyn hossarlaryna aýlap-ýyllap aňşyrtmaýan ýaşyryn görnüşde-de geçip, kesel birden duýdansyz beterleşeninde ýa-da akyl-paýhasyň barha peselmeginiň ýüze çykyp, diňe şonda keseliň döränliginiň bildirmegi bilenem başlanyp biler. Şonuň ilkinjisinde näsagyň özüni alyp barşynda duýdansyz dörän özgermeler ýüze çykýar. Bu psihiki tutgaýy bolup, adamda elhenç gorkynyň agdyklyk etmegi, özüni alyp barşynyň geň-enaýylygy, kesirlik etmegi, ylalaşmazlygy, düzgüne salnylyp tertipleşdirilmedik paranoid, gallýusinasiýalar, öz janyňa kast etme ýa-da teniňe şikesler salma bolan synanyşyklar bilen geçýän güýçli göçgünlikdir. Munuň ikinjisi keseliň haýal başlaýan görnüşinde ýüze çykyp, daşyndan göräýmäge hiç bir zat özgermän ýerbe-ýerligine galýan ýaly bolýar: näsag hiç bir jähtden özgermeýän ýaly bolup, durmuşda özüni alyp barşy adatyrak ýagdaýda, geçip duran wakalardyr hadysalara bap gelýär, hemişekisi ýaly işleýär. Özgerişler göz-görtele duýlup kabul edilmän, syzylýar. Nämedir bir bildirmeýän, göze görünmeýän, gol bilen tutdurmaýan zatlar ony ýakynlaryndan sowadyp daşlaşdyrýar-da, ony bir hili bu dünýäniň adamsy däl ýaly ýagdaýa ýuwaş-ýuwaşdan öwürýär. Kähalatlarda ol özüniň paranoid şübhelenmeleri, geň-enaýy pikirleri, kellesinde bulam-

bujarlygyň ýa-da haňlap duran boşlugyň barlygy bilen öz «ýagdaýyny», soralanda habar berýär. Kähalatlarda häli-şindi habar alşyp gürleşmelerinden sowaşmasy, ýüz keşbiniň logiki wakalara bap getirilmedik bir hili düşnüksiz geňirgendirijiligi, çendenräk ýigrençli pitjigini atmasy, biçak güýçli joşguna gelmegi, hezil edip jakyrdap gülmegi, heşelle kakmasy, biparhlygy, hiç bir zada höwesiniň bolmazlygy, köpçülikden gaça durup çetleşmesi, ýekelikde bolma ymtylmagy, gündelik ynsany borçlaryna äsgermezçilikli hem biparh garamagy, hatda hut özüne gönümel degişli bolan arassaçylyk, endamynyň tämizligi, deslapky gyzyklandyrýan söýgüli güýmenjeleri başyndan aýlap urmasy we ş.m. töwerekdäkileri geň galdyrýar.

Kähalatlarda göze ilmeýän özgermeler bildirmän geçip, şizofreniýanyň başlanylyşy bilinmän galýar-da, birnäçe aý, hatda ýyllar geçeninden soň töweregindäkilere öň bir wagtlaram näsagyň özüni şeýle geň-taň görnüşde alyp baranlygyny ýatladýar.

Şizofreniýanyň dört görnüşiniň tapawutlandyrylmagy umumy ykrar edilen ýagdaýdyr: ýönekeý, gebefreniki, katatoniki we paranoid görnüşleri. Şu görnüşler ýygy-ýygydan garyşyp, bir görnüşlisinden beýlekisine geçmegi mümkin. Kähalatlarda şolaryň haýsynyň agdyklyk edýänligini kesgitlemegem diýseň çetin bolýar. Ýöne şizofreniýany şeýle görnüşlere bölmek ýeke-täk bir adalganyň kömegi bilen (şolaryň takyk görnüşlisi arkaly) onuň alamatlarynyň dürli-dürlüdigi hem baýlygy sebäpli keseliň anyk kesgidini goýmakda, bejergisini geçirmekde we soňlaýşynyň nähili gutarjaklygyny çen-çak etmekde keseliň geçişini häsiýetlendirmek üçin zerur bolýar.

**Şizofreniýanyň ýönekeý görnüşi.** Şizofreniýanyň ýönekeý görnüşleri köplenç halatda, ýetginjeklerde we jahyllarda (14-20 ýaşlylarda) başlanýar. Şizofreniýanyň ýönekeý görnüşinde kesel haýallyk bilen başlanyp, ýuwaş-ýuwaşdan beterlemek häsiýetli bolýar. Näsagy ýakyn adamlarynyň ykbaly, hatda öz ykbaly hem gyzyklandyrmaýar. Şatlykly hem gamgyn wakalar oňa hiç hili täsir etmän, asla onuň kalbyny gozgaman, hiç hili yz galdyrman geçip gidýär. Hatda iň ýakyn adamlarynyň aradan çykmagyny hem ol asla äwmän, biçak arkaýynlyk bilen, hiç hili gynanç bildirmän doňýüreklilik bilen geçirýär. Munuň tersine, uşak-düşek ýakymsyz zatlar muny uçursyz güýçli gahar-gazaba getirip, özüňi saklabilmän, el-aýakdan çykaryp dyzmajam ýa-da göwnüni çökerip sus hem edip bilýär. Başda näsag öz raýatlyk borçlaryna biperwaý garaman, geleňsizlik etmeýänem bolsa, ýöne ol şolary birmeňzeş hereketler bilen awtomat şekilli höwessiz, maksatsyz amala aşyrýar. Okuwa ýetişiginiň we zähmet çekişiniň netijeleri barha ýaramazlaşýar. Mugallymlar bilen ata-eneleri ozalky zehinli hem ukyply okuwçynyň uzak wagtlap kitaba seredip oturýanlygyna garamazdan, alýan pes bahalarynyň sanynyň günsaýyn artýanlygy geň galdyrýar. Kähalatlarda näsag manysyz işler bilen meşgullanyp, galyň depderi biri-biri bilen baglanyşyksyz sözlerdir sanlar, syrly nyşanlar, nämedir bir zatlaryň düşnüksiz biçüwleri we suratlar çekip doldurma bilen meşgullanýar.

Näsag köpçülikden çetde durup, adamlar bilen ýüzbe-ýüz duşuşmajak bolup kähalatlarda hepdeläp, aýlap daş çykman öýde oturýar. Ýoldaşlary, dost-ýarlary bilen duşuşyp habar alyşmaga mejbur bolaýanlarynda-da, agyzlaryna suw alan ýaly sem bolşup, gep-gürrüňe gatyşman oturýarlar. Olar öz ýakynlary bilen gürleşmän, gitdigiçe arany açyp, şolardan daşlaşýarlar-da, özlerini keseki ýat ýaly alyp barýarlar. Onsoň töweregindäkiler onuň özgerenligi, doňýürek sowuk-sala bolanlygy, hiç bir zada baş galdyrman gulak gabartmaýanlygy, bolup geçýän wakalaradyr hadysalara üns bermän, hemme zada biparh garaýşy barada geňirgenişip gürrüň edip başlaýar.

Onuň galjaňlygynyň, höweskliginiň ýoklugy, özüni alyp barşynyň, edim-gylymlarynyň birmeňzeşligini töwerekdäkiler özboluşly bahalandyryp, kähalatlarda «Bolşy edil uly gyz ýaly» diýip, gylyk-häsiýetlerini (sagdyn adamyňky ýalydyr öýdüp) öwýärler. Näsag barada gürlänlerinde «ol sessiz gowy adam» diýip hormatlaýarlaram. Ýöne kähalatlarda şol «gowy, ýuwaş adam» saýylýanyň hiç bir sebäpsiz duýdansyz gazaba gelmegi, töweregindäkilere ganymy ýaly duşmançylykly garamagy, ýerliksiz gödeklik görkezmegi ýa-da delillendirilmedik gülküsi, ýüz-gözüni geň-enaýy oýnadyp aýnatmagy, ökje göterip nirädir bir ýerlere gaçyp gitmäge hyýallanmagy ýa-da öz janyna kest etmäge synanyşmagy ata-enäni, töweregindäkileri uçursyz geň galdyrýar. Kähalatlarda onuň özüni alyp barşynda ketjallykdyr kesirlik agdyklyk edýär. Näsag öz edýän belli bir birmeňzeş hereketlerine tutanýerli ýapyşyp amala aşyrmaga synanyşanynda, töweregindäkiler oňa päsgel bermekçi bolaýsalar, näsag gahar-gazaba gelýär. Onuň geýnişini, saçyny daraýşyny, naharlanyşyny, gün tertibini üýtgetdirmäge edilýän synanyşyklar asla başa barmaýar. Keseliň suratlanyşynyň başgarak hili geçişinde näsagyň häsiýetinde hyýrsyzlyk bilen ynjyklyk, yrsaramaklyk agdyklyk edýär. Näsag hemişe yrsarap, uşak-düşek zatlaram ony gaharlandyryp, el-aýakdan çykarýar.

Näsagyň diňe öz tenidir endamyna bar gyzyklanmasyny gönükdirýän mahallaram seýrek däl. Näsag ünsüni özüniň daş keşbine gönükdirip, şonda dikanlaýar, daş keşbinde sähelçe kemçilik tapaýsa lapy keç bolup gynanýar, synasynyň haýsydyr bir agzasynyň ýaramaz işleýşini güman edäýse gaýgy-gama batýar. Öz bedeniniň gurluşy we işleýşi barada heňe gelmejek fantaziýalar düzüp, başa barmajak hyýala getirme bejergi usullaryny ulanmaga synanyşýar. Şol kemçilikleri tapmak üçin ol özüni aýnada sagatlap synlaýar. Şonda ipohondriki ýagdaý döräp, şolam ýokary baha (ähmiýetli) paranoid ideýalaryna ýeňillik bilen öwrülip bilýär. Meselem, näsag özüniň burnunyň uzynlygyna ýa-da gözleriniň pökgüligine şek-sübhesiz göz ýetirip, hut şol sebäplem köçä çykmaga, ile görünmäge utanýanlygyny aýdýar-da, adamlar kemisliginiň üstünden güler öýdüp zeýrenýär. Şol sebäpli plastiki operasiýanyň geçirilmegini tutanýerli talap edýär-de, käte şony gazanýarlar.

Ýöne onuň netijesi az wagtlyk bolýar, çünki tizden näsag öz ýüzünde täze betnyşanlygyň döränligini tapýar. Näsag içegeleriniň ýaramaz işleýänligini nyg-

tap, şonuň netijesinde-de özünden porsy ysyň aňkap duranlygyny, töwerekdäki adamlaryň ysyrganyşyp, ýüzlerini kürşerdişip, seňriklerini ýygyryşyp özünden ýigrenç bilen ýüzlerini sowýandyklaryny belleýär.

Kähalatlarda şizofreniýanyň ýönekeý görnüşinde näsag pelsepe (filosofiki) otarmalara geçip, durmuşyň, umuman, ýaşaýşyň manysyzdan biderekligi, adamlaryň gyzyklanmalarynyň we tagallalarynyň netijesizligi barada gürläp, başy çykmaýan meselelerden akyl satýarlar-da, çuňňur uka gidip, gaýdyp hiç haçan oýanmazlyk baradaky boş hyýaldyr pikirlere batýar. Kähalatlarda bolsa süňňüni ýeňil duýup, özüni töwerekleýän zatlaryň «ýeke-täk» hem «esasy» manysy barada netijesiz boş pikirlere atarýar.

Wagtyň geçmegi bilen näsagyň özüni alyp barşynyň geň-taňlygy barha artýar. Emosional kütekligi has görnetin ýüze çykyp, assosiatiw bozulmalar ataksiki dymmalar görnüşinde takyk bildirip başlaýar. Näsag daş keşbine üns bermäni goýýar. Üst-başyna, sypatyna seretmeýär, abuliýa has aýdyň ýüze çykýar. Kesel dyngysyz geçip, öz-özünden döreýän gowulaşmalar bolmaýar-da, tizdenem şahsyýet özgerip kemakyllyk has basmarlaýar.

Şizofreniýanyň ýönekeý görnüşiniň özboluşlylygy, şonuň ozaldan ýazylyp beýan edilmesinden gelip çykyşy ýaly, beýleki formalaryndan tapawutlylykda alamatlaryň önjeýsizligi bilen häsiýetlenýär. Bu alamatlaryň keseliň hut başlanýan döwründe bolaýmagam ähtimaldyr, ýöne şol bolaýanda-da adatça, biçak ujypsyz görnüşde hem gysga möhletli bolýar.

**Şizofreniýanyň gebefreniki görnüşi.** Şizofreniýanyň bu görnüşi, adatça, ýetginjeklerde döräp başlaýar-da, ýöne ondan gijrägem başlanýan ýerleri duşýar. Keseliň başlanýan döwründe ynjyklyk, keýpiň durnuksyzlygy, ýakyn adamlaryna sowuk-salalyk görkezip, aragatnaşyklary resmileşdirmek ýaly affektiw görnüşinde reaksiýalar döreýär. Soňra ol, köplenç halatda hereketleriň aýratyn görnüşde tagaşyksyz edilmegi bilen özüni diýseň samsyklaç alyp barýar. Gebefrenik hemişe durnuksyz hereketlenmede bolup, onuň pikir ýüwürdişi birsyhly gaýnap joşup, şolary diýseň ýeňillik bilen durmuşa girizip, töwerekdäkileri geňirgendirip haýran galdyrýar. Bir görseň ol agyz-burnuny towlap gyşardyp otyr, ýüz-gözüni betgelşik bir bolmajy keşbe getirýär, bir görseňem sylanylyp hormatlanýan epeý adama lak atyp dilini çykarýar, goýazy bir iş ýa-da gürrüň gidip durka duýdansyz hykyrdap gülüp başlaýar, kähalatlarda ýöne keýpine, gülki üçin haýsydyr bir zady zaýalaýar ýa-da döwýär. Hemmäniň üstünden gülüp, töweregindäkilere ýerliksiz sürtenýär, ýaşuly-ýaş kiçi diýmän ýokuş henekler atyp, samsyklaç soraglar berýär, saý-sebäpsiz jykyrdap hezil edip gülýär. Haýsydyr bir ýumuşdyr iş buýrulsa kesirlik edip ýerine ýetirmeýär (negatiwizm). Berilýän soraglara düýbünden gabat gelmeýän jogaplary gaýtarýar. Köplenç halatda çendenaşa agdyk ýaňrap düşnüksiz gürleýär, edip oturan gürrüňinden başga bir ýapa degmeýän gürrüňe bökýär-de, şol bir jümläni hetjikläp gaýtalap durýar, täze neologizmleri (täze sözleridir sözlem-

leri) döredýär. Kähalatlarda näsagyň çendenaşa hereketliligi hem-de samsyklaçlygy siklofreniýanyň maniakal ýa-da gipomaniakal fazasyny (tapgyryny) ýatladýar. Ýöne gebefreniýanyň dinamikasy bir äheňligi bilen tapawutlanýar: göz-ýüzüni oýnadyp çykarýan hokgalary, üm-yşaratlarydyr «henekleri» gaýtalanyp durulýan birmeňzeş bolýar. Edim-gylymlarynyň birmeňzeşlikde gaýtalanylyp durulmasy töwerekde bolup geçýän hadysalardyr wakalar bilen baglanyşykly bolman, näsagyň daşarky hakyky zatlardan üzňe bolan içki ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Gebefreniki samsyklaçlygyň aňyrsynda boşluk bilen durmuşa bolan hakyky, kalbyňdan turýan ýerlikli şatlygyň ýoklugy duýulýar. Gebefrenigiň çendenaşa galjaňlygy, dynuwsyz hereketlenmesi hem durmuşdan üzňe, köplenç halatda tukatlyk bilen betbagtçylyga uçranyňky ýaly bolýar. Şular durmuşa gyzykmadan lezzet almak, daş-töwerekdäkiler bilen birleşmekden däl-de, öz içki dünýäsi bilen, töwerekdäki dünýäniň bulaşyk we biri-birine gapma-garşy gelýän duýgularyň hem pikirleriň barha möwjäp dartgynlyga getirýänliginiň äşgär ýüze çykaryldygydyr.

Gebefreniýanyň has beterlän döwründe şizofreniýanyň ähli esasy alamatlary ýüze çykyp, äşgär bildirýär. Näsaglar ýakyn adamlaryna sowuk-sala bolup, öz hususy ýagdaýyna we ykbalyna biparhlyk bilen garaýar, emosional taýdan görkezýän duýgulary töwerekde bolup geçýän wakalara bap gelmän, ýerliksiz bolýar. Näsaglarda, köplenç halatda eşidiş gallýusinasiýalary hem üzlem-saplam yzarlanyş, zäherleniş we beýiklik (ketdelik) ideýalary peýda bolýar. Olar hiç haçan belli bir tertipde düzülmän, samsyklaçlygy we köpdürliligi bilen tapawutlanýarlar. Wagtal-wagtal hereketleriň durzulyp doňmasy, köplenç halatda substuporoz häsiýetli, ýöne doly stupor görnüşinde bolup, şolaryň esasynda gallýusinasiýalar, paranoid ýatandyr (katatono-gebefreniki ýagdaý). Hereketleriň doňdurylmasy bolup geçenden soň näsagyň özüni gebefreniki alyp barşy ýene gaýtalanýar-da, ol özüni masgarabaz ýaly wäşi hem samsyklaç alyp barýar. Emosiýalary görnetin küteklikde bolup, hereketlenmeleri assosiatiw ataksiýa (hereketleriň ugrukdyrylyşynyň bozulmasynda) görnüşinde geçýär. Kesel dynman üznüksiz geçip, tiz wagtdanam gutarnykly soňlaýjy tapgyra ýetýär.

**Şizofreniýanyň katatoniki görnüşi.** Şizofreniýanyň şu görnüşi ýaş ýetginjeklerde döräp, ýöne gijräk başlanýan ýerlerem seýrek däl. Kesel, köplenç halatda newroz şekilli ýagdaýlaryň utgaşmasy bilen haýal başlanyp, ýuwaş-ýuwaşdan beterleýär, ýa-da ýiti görnüşde başlanyp depressiw ýa-da maniakal sindromlar bilen ýüze çykýar.

Keseliň katatoniki görnüşi depressiw ýagdaýyň hereketleriniň haýyallap äşgär bildirýän duruzylmasy, gürleýşiň birlabyzlylygy, näsaglaryň ýüz keşbiniň doňup hiç bir manyny aňlatmaýanlygy (amimiýa), ipohondrikiligi (öz saglygy barada çendenaşa aladalanmagyna), maniakal şatlanmasy we samsyklaçlygy, kelpeňden kelçikligi, gürleýiş we hereket göçgünliligi, edim-gylymlarynyň aýnylygy hem rezonýorlyk etmeginiň barlygy bilen tapawutlanýar. Soňra keseliň geçişi ýuwaşap

yza gaýdyşansoň näsagyň ýagdaýynda hereketleriň gowşadylyp duruzylmasy ýa-da tersine, göçgünlilik peýda bolýar. Hereketleriň duruzylmagy döräninde gipokinetiki görnüş barada gürrüň edilip, ol hem hereketler doňan ýaly bolup çendenaşa gatamaklygy (katotoniki stupora), göçgünli hereketlenmä gelnende bolsa giperkinetiki görnüş barada gürrüň gidip, çendenaşa derejeli göçgünlilik (katotoniki göçgünlilik) döräp, näsag däli porhan bolup nadaralyga ýüz urýar-da, jenjelçi dawaçyla öwrülýär. Hereketleriň duruzylmasam we hereketleriň göçgünli ýagdaýam güýçli gorky duýgusy bilen geçýär. Şol gorkular dini ýa-da seksual joşguna gelmek, ýigrenç, nalajedeýinlik ýa-da özüňi uçursyz gujurly duýma alamatlary bilen geçip biler. Ýöne her niçigem bolsa gorky hemişe katotoniki şizofreniýanyň esasy, özen alamaty hökmünde ýüze çykýar.

Hereket bozulmalarynyň görnüşleriniň biri bolan çakdanaşa göçgünlilik bilen doňan ýaly saň gaty bolmagyň ikisiniň arasynda hereket göçgünligi hem hereketleriň duruzylmasy dürli derejelerde-de bolýar. Kähalatlarda katatoniki hereket bozulmalary bölekleýin bolup, ýagny hereketleriň ählisini öz içine birikdirmän, şolaryň aýry-aýrylaryny alyp geçip bilýär. Ol, meselem, gürleýşiniň duruzylmasy (mutizm), ýüz-gözüň oýnadylyşynyň gowşadylmagy (gipomimiýa), üm-yşaratlaryň hereketlenmesiniň peselmesi ýaly alamatlardyr. Hereketlenme göçgünliligi gürleýşi, ýüz-gözüňi oýnatma, üm-yşaratlar etme bilenem çäklenip biler. Şeýle ýagdaýlarda göçgünlilik bir sözleriň yzly-yzyna gaýtalanmagy, ýüz-gözüň şol bir görnüşde oýnadylmagy, edilýän üm-yşaratlaryň bir görnüşliligi bilen ýüze çykýar. Bir sözüň ýa-da hereketiň üstünde saklanmaklyga şizofreniki persewerasiýa diýilýär. Hereketlenmäniň bölekleýin çäkli duruzylmasy göwräniň kesgitli bir görnüşde durşunyň, haýsydyr bir üm-yşaratlaryň (el-aýagyň salgylanmasynyň, kelläniň silkelenmesiniň) ýa-da ýüz-gözüň oýnadylyşynyň doňdurylyp, has berk gatadylmasynyň netijesinde şol hereketler hakyky hereketlere bap gelmeýär. Meselem, näsag gülende onuň ýüzüniň bir bölegi üýtgemän, şol doňlugyna galýar: ol ylgaýar ýa-da çalt hereketler edýär welin, şonda onuň göwresiniň bir bölegi hereketsiz gymyldaman şol doňlugyna galýar.

Katatoniki göçgünliligiň juda güýçlüsi döräninde ýüz keşbi elhenç gorky alamatly näsag dat-peýat edip çirkin gygyrýar, urunyp adamlara topulýar-da töweregindäkileri gyran-jyran edip başlanda, onuň güýjüne güýç goşulan ýaly bolup, köşeşdirip saklamak, ony tertibe getirmek üç-dört adama zordan başardýar. Tüýs bir wagşy haýwana öwrülen ýaly näsagyň edýän bitertip, maksat-manysyz hereketleri onuň her edip-hesip edip, adamlaryň elinden sypyp nirädir bir ýerlere ökje göterip ýazzyny bermä, hüw-hak diýip başyny alyp gaçma gönükdirilen bolýar. Onuň çirkin gygyryp aýdýan sözlerinde köplenç halatda gorky, seýregräk hoşa gelme, joşgunly heşelle kakma ýaňlanýar. Sözler gelşirilip hem baglanyşdyrylyp sözlem düzülmeýär, kähalatlarda näsag sözlerini batly seslenip aýdym görnüşinde gygyryp aýdýar welin, sesiň şol bir labzyny üýtgetmän gaýtalap durýar.

Katatoniýanyň doly stupory bolanynda näsag gözlerini petredip, nazaryny nirädir bir alyslara dikip, misli daş heýkel ýaly bolup gymyldaman doňup durýar. Näsagyň ýüz keşbi biçak arkaýynlygy, gorkyny ýa-da nämädir bir zatdan lezzet alyp haýran galmagyny, hezil edip hoşuna gelmäni aňladýar. Gözüň göreçleri kähalatlarda çendenaşa giňelen bolup, wagtal-wagtal yşyga berýän reaksiýasy gowşaýar. Näsagyň özüni töwerekleýän zatlary görmeýän, eşitmeýän, duýmaýan, hiç bir zady kabul etmeýän ýaly bolup, daşky dünýä bilen bolmalysy ýaly intereaksiýasy (özarabaglanyşykly sazlaşdyrylan gatnaşygy) ýolnup, üzüldimikä diýdirýär. Näsag geçip duran wagtyň bir nokadyndan süýşmän doňup galan ýaly bolýar. Ol berilýän soraglara, edilýän düzedişlere, buýrulýan ýumuşlara gulak gabartmaýar. Eger-de ony herekete getirip nämedir bir zatlary amala aşyrmaga itergileseň, ol garşylyk görkezýär (işjeň negatiwizm) ýa-da ses-üýnsüz boýun bolup diýleni ýerine ýetirýär (işjeň däl negatiwizm). Şularyň soňkusynda, ýagny işjeň däl negatiwizmde bir duruşda goýulan näsag, meselem, onuň elini ýa-da aýagyny galdyryp goýsaň, ol şol durşundan üýtgemän sag adamyň çekip-çydap bilmejek wagtyndan has uzak wagtlap durýar (mum çeýeliginiň alamaty). Näsag özi üçin uçursyz amatsyz bolan durmuşda-da diýseň uzak wagtlap saklanyp bilýär. Meselem, näsag kellesini ýassygyň üstüne goýman, şondan ep-esli ýokarda saklap ýatýar (psihiki ýa-da howa ýassygy alamaty). Katatoniki doňuş ýagdaýyndaky näsag töwerekden täsir edýän tijendirijilerdir gyjyndyryjylary kabul etmeýärmikä diýdirýär, çünki ol şolara bolmalysy ýaly reaksiýany (jogaby) asla bermeýär. Soňra şeýle ýagdaýlardan çykandan soň, näsaglar töwerek-daşynda näme-nämeleriň bolanlygyny ýadyna salyp gürrüň berýärler, çünki olar ol pursatda bolup geçen hadysalardyr wakalary doly suratda kabul edipdirler (lýusid katatoniýasy). Beýleki birleriniň şol wagtky başdangeçirmeleri diňe olaryň hususy subýektiw samrama-gallýusinator hakykaty bilen baglanyşykly bolup, aňyň alagaraňkyramaky ýaly bozulmasy netijesinde bolup geçen zatlardyr (oneýroid katatoniýasy). Kähalatlarda ol döwür doly ýa-da çäkli amneziýaly bolup geçýär.

Katatoniki göçgünlikli ýa-da stupor ýagdaýdaky näsag iýmitdir dynç alma küýsewi ýaly zatlara talaby düýbünden ýokmuka diýdirýär. Eger-de ony zorlap naharlamasaň, ol hiç zat iýmän süňk bilen deri bolup duran horluk derejesine ýetýär. Ony naharlamaga synanyşylanda bolsa, ol güýçli garşylyk görkezýär. Şol sebäpli hem ony emeli usul arkaly (aşgazana zond goýberme ýa-da parenteral usullary arkaly) naharlamaly bolýar. Giperkinetiki ýa-da gipokinetiki katatoniýalaryň çalarak bildirip geçýänleri subkatatoniki ýagdaý diýlip kesgitlenilýär. Şonda alamatlar gaty bir äşgär bildirip ýüze çykmaýar. Hereketlenilme kesilip doňup galynma ýagdaýy, göçgünlilik ýygy duş gelýär. Şeýle ýagdaýdaky näsaglar çakdanaşa haýal-ýagal bolup, hereketlenmelerini juda azaldýarlar: olaryň ýüzleri nykapkysmy bolup, pessaýja seslenip az gürlegen, gep-sözleri sazlaşdyrylmadyk bolýar. Köplenç halatda olaryň gürrüňi garyplaşdyrylyp «hawa» ýa-da «ýok» diýen ýaly ýeke söz bilen

çäklenýär. Wagtlaryny düşekde ýatyp hereketsiz ýa-da bir ýerde birsyhly öňe-yza ädimläp gezmeleýärler, sagatlap penjirä garap durma bilen bikärlikde geçirýärler. Katatoniki doňmanyň tiz geçip gidýän göçgünlilik bilen kesilýän wagtlaram duş gelýär. Näsag duýdansyz ýagdaýda güýçli hereketlenmä gelip, köp gürläp, hatda dawa-jenjel turzup, yrsarap başlamakdan hem gaýtmaýar. Çakdanaşa katatoniki hereketlenmä gelmeklik käbir halatlarda biri-biri bilen baglanyşyksyz bolan many-magatsyz, töwerekdäki bolup geçýän ýagdaýlardan üzňe hereketleriň edilmegi bilen ýüze çykýar. Ýüz-gözüň oýnadylşy, üm-yşaratlar, gezmeleme hiç bir manysyz geçirilip, töwerekde bolup geçýän ýagdaýlar bilen baglanyşyksyz bolup, geň galdyrýar. Bulaşyklyk, maksatsyzlyk bilen bir hatarda töwerekde bolup geçýän zatlar bilen näsagyň sözleýşem baglanyşyksyz bolýar. Assosiatiw baglanyşyklaryň dargadylmasynyň derejesi dürli görnüşde bolup, sähelçe üýtgäp, näsagyň aýdan aýry-aýry jümlelerine azda-kände düşünip bolýar-da, näme diýjek bolýanynyň aňşyrylmasynyň kyn düşýäninden «söz dürüşdesi» diýilýän ýagdaýa, ýagny gürleýiş düşnükli hem yzygiderli, belli bir manyny aňladýan sözleme düzülmedik, biri-birleri bilen baglanyşdyrylmadyk, esasanam neologizmlerden, persewerasiýalardan, düşnüksiz gürrüňlerden, aýry-aýry sözlerdir sözlemlerden, hatda sozleriň bogunlaryndanam düzülen bolýar.

Şizofreniýanyň beýleki görnüşlerine garanyňda katatoniýada wegetatiw-endokrin bozulmalary has ýygjam duş gelýär. Göreçler giňelýär.

Eliň aýalary we aýaklaryň daraklyklary gögerşip sowaýar. Onuň sebäbi diňe bir uzak wagtlap amatsyz ýagdaýda durmakdan däl-de, eýsem, ol damar gan aýlanyşyň bozulmalary bilenem baglanyşyklydyr. Ýüzüň hamy beýni sowuklanynda bolşy ýaly güýçli seborreýanyň (bedende ýagyň işlenilip çykarylyşynyň ýokarlanmagy bilen) güýçlenmegi bilen ýagjymak bolýar. Şizofreniýaly aýallarda aýbaşynyň gelmesiniň saklanmasy, köplenç halatda keseliň katatoniýa formasynda duşýar. Katatoniýada işdäniň we ukynyň bozulmalary has ejirli hem agyr görnüşlerde geçýär.

Katatoniýanyň soňlaýşy gebefreniki, ýönekeý we uzaga çekýän paranoid görnüşlere garanyňda has oňaýly tamamlanýar. Şizofreniýanyň soňlaýşynyň nähili gutarjaklygyny kesgitläp öňünden aýtmak kyn mesele, çünki ol öňünden görüläýmesi mümkin bolmadyk köp sanly ýagdaýlara bagly bolýar. Ýöne başda pajygaly geçen kesel hadysalaryň dünýäsi giň hem baý boldugyça, şonça-da keseliň oňaýly gutarmagyna umydyň artýanlygy bellenilýär. Ýöne oňa derek keselin gaýry görnüşlerine garanyňda, katatoniki şizofreniýada onuň gaýtalanmasy ýygy duş gelýär, diýmek, hadysanyň geçişi sikliki bolýar-da, şizofreniýanyň şu görnüşini siklofreniki psihozdan tapawutlandyrylmasyny kynlaşdyrýar.

**Şizofreniýanyň paranoid görnüşi.** Şizofreniýanyň şu görnüşi, köplenç halatda, 20-23 ýaşdan soň başlanýar. Adatça, kesel haýallyk bilen ýuwaş-ýuwaşdan beterleýär, ýöne ýarymýiti, ýiti görnüşlerde başlanýan ýerlerem duş gelýär. Kesel haýallyk bilen başlanyp, ýuwaş-ýuwaşdan beterläninde özbolușly newroza

meňzeş ýagdaý döreýär. Şol newroza meňzeş özboluşlylyk näsagyň töweregindäkiler, aýratynam hossarlary we ýakyn adamlary bilen emosional aragatnaşygynyň guralmagy gödeksiden äşgär bildirip ýüze çykmaýan görnüşde hem höwesdir gyzyklanmalarynyň peselmesi bilen häsiýetlenýär.

Keseliň has güýjän wagtynda paranoidde, gallýusinasiýalaram duşýar-da, her halatda olaryň haýsam bolsa biri agdyklyk edýär.

Paranoid ideýalaryň döremeginde üç tapgyry bölüp görkezse bolar: garaşmak, gynanmak we tertipleşmek.

K. Ýaspersiň «Paranoid keýpi» diýip atlandyran garaşma görnüşi keýpde duýgularyň, howsalanyň, bitakatlygyň peýda bolmagynda näsagy ýüregedüşgünç müňkürligi ýok edip, näbelli bolan gümürtik ýagdaýyny düzedip gowulandyrjak bir zadyň döremegine garaşmak bilen häsiýetlenýär.

Şu pursat akylyň durlanyp aýňalan tapgyrynda döreýär. Birden garaşylmadyk duýdansyz ýagdaýda hemme zat oňa düşnükli hem aýdyň bolýar duruberýär. Akylyň durlanyp, şeýle aýdyňlyga ýetmeklik ozal düşünmän bolmajak zada indi mäse-mälim düşünýän ýalylygy başdan geçirmekden gelip çykýar. Paranoid akyl aýdyňlygynyň täze görüş usulynyň döremesi näsagyň durmuşynyň ähli taraplaryna degişli bolýar. Şol pursatdan başlap ähli zat oňa başgaça bolup görünýär. Şu ýagdaýa, megerem, ozalky adam ýok edilip, onuň deregine doglan başga bir adam dünýäni başgaça görnüşde görýän bolmagam ähtimaldyr. Eger-de birinji tapgyrda özüňe ynamyň bolman kalbyňy gorky gaplan bolsa, näsagyň töwereginde we şonuň hut özünde nähilidir bir hili düşnüksizlikler bolup geçýän ýaly bolsa, ikinji tapgyrda ol açan täzeligine begenip, joşgunly şadyýanlyga gelip heşelle kakýar: ahyrsoňunda ol düýbünden düşnüksiz zatlara düşünip, şolaryň düýp manysyna ýeten, näbellilik ýagdaýdan ygtybarly çykarylan ýaly bolýar. Şol ynamlylyk heläkçilikli bolanda-da, indi onuň üçin hakykat ýüze çykan ýaly bolýar. Ýöne bu ýerde hemme zady logiki bir bitewilige girizip bolmaýar.

Diňe üçünji tapgyrda ähli zat logiki bitewilikde gurnalyp, paranoid konsepsiýasy (pikirleri) dürdäne görnüşe getirilen ýaly bolýar. Durmuşyň ähli faktorlary mahsus bolan düzümde tertipleşýär. Şol ýagdaý boşlukda we wagtda ýakyn aralykda hem alysda bolup geçýän wakalar bilenem tassyklanylýan ýaly bolýar. Kähalatlarda näsagyň ýatkeşligi täsinligi bilen akylyňy haýran galdyrýar. Ol mundan birnäçe ýyl ozal kimdir biriniň nämeler barada gürlänligini, şol wagtlar özüni nähili alyp baranlygyny, haçan we kime äsgermezçilikli pitjik atanlygyny, kimiňdir biriniň üstünden ýaňsylap gülenligini takyk ýatlaýar. Haýran galdyrýan şeýle ýatkeşlik (gipermneziýa) diňe paranoid ulgamyna degişli bolan ýagdaýlar bilen baglanyşykly. Şol ýagdaý gowy barlanyp görlende ýatkeşligiň gowulaşman ýaramazlaşanlygyny aýan edýär.

Şeýle-de, kabul edilişiň ýitileşenligi hem ýüze çykýar: näsagyň tötänlikde edilip göze gaty bir ilmeýän üm-yşaratlary, ýüz-gözüň ujypsyz oýnadylyşyny görüp,

köçeden geçip barýan adamlaryň peýwagtyna eden gürrüňleriniň parçalaryny eşidýär. Şu zatlaryň hemmesi muňa degişli ýaly bolup, şolaryň içindäki bar zat munuň üçin ähmiýetlidigini görkezýär, hatda uşak-düşek zatlaram munuň döreden paranoid konstruksiýasyna girizilendigi sebäpli uly ähmiýete eýedir.

«Täze döredilen» dünýäde näsag «ýokarda-da», «aşakda-da» bolup biler. Näsag dünýäniň üstünden höküm sürüp ony dolandyrýar ýa-da dünýä munuň ygtyýaryny elinden alyp, näsagy dolandyrýar. Şularyň birinjisinde beýiklik barada gürrüň edilýär – näsag özüni uçursyz gudratly, ähli adamyň pikirini okap, aýan edip, esli aralyklardan adamlara we haýwanlara emr edip bilýän ýaly, hudaý, iblismidirmelgun, mizemez mukaddes gahryman, meşhur oýlap tapyjy we ş.m. saýýar. Ikinjisinde bolsa yzarlanmaly paranoid barada gürrüň gidip – näsag özüni yzarlanylýandyr, aňtalynýandyr, şahsy pikirleri okalýandyr öýdüp, ony awtomatlaşdyrylan bir zada öwrüp, kimdir biri gapdaldan emr edýän, özünden erk-ygtyýaryň ýoklugy, özüniň dünýäde iň ýaramaz adamlygy, hiç kime gerekmez, hiç bir zada mynasyp däl diýip, özüni sansyz adam saýýar: ol aýyplaýjy karardyr jezalandyrma, hüküme garaşýan ýaly bolýar.

Paranoidiň suratlanylyşy, adatça, özüni gowy hem erbet duýma polýuslarynyň aralygynda birleşip ýüze çykýar. Aýratynam şizofreniýanyň başky tapgyrlaryndan beýiklik paranoidi yzarlaýjy paranoid bilen çalşyrylýar. Näsag özüni belent, elýetmez gudratly saýyp, şol bir wagtda-da yzarlanylyp aňtalýanlygy, onuň üstüne ölüm howpunyň abanýanlygy barada zeýrenip gürrüň berýär.

Şizofreniýanyň giçkiräk tapgyrlarynda, adatça, ygtybarly durnuklylyk ýüze çykyp, paranoidiň haýsy-da bolsa birisi agdyklyk edýär. Belli bir wagtlarda yzarlaýjy paranoid agdyklyk edip, beýleki bir wagtda-belentlik paranoidi agdyklyk edýär. Psihiki bozulmalaryň suratlanylyşy özgerip durýar, we belli bir derejede döwrüň ýagdaýlaryna-da ýa-da medeni gurşawa-da bagly bolýar.

Şol bir wagtda-da näsaglarda gallýusinator başdan geçirmeler (köplenç halatda eşidiş, werbal, wisseral (içki agzalardan, şeýle-de ys alyş hem tagam duýuş görnüşleri) we psihiki awtomatizmler ýagdaýynyň dürli görnüşleri (ideator, motor we senestopatiki) ýüze çykýar. Şularyň bary paranoid ýagdaý bilen utgaşyp, näsaglaryň emosional kütekliginde, assosiatiw ataksiýada we parabuliki (libidonyň, ýagny isleglериň ýoýulmasy) ýaly ýagdaýlarda näsagyň psihiki durkuny emele getirýär. Näsaglar hossarlary bilen görme-görşi küýsemän, şolardan sowaşyp, mähir-muhabbetli duýgularyny ýitirýärler, hassahanadan çykman ýatanlygy ony irizmän, şol oňaýsyz ýagdaý ýüreklerine düşmän, öz ykballaryna çendenaşa biparh garaýarlar.

Şizofreniki hadysanyň geçmeginde, aýratynam keseliň başky tapgyrlarynda depressiw ýagdaýlar döräp, näsaglar halynyň agyrlygyna, ýagdaýynyň çykgynsyzlygyna şikaýat edip, ýaşaslarynyň gelmeýänligini aýdyp, öz-özlerini kemsidip peseltme, özlerini püçege çykaryp dereksizlendirip kem bahalandyrma ýaly paranoidi

ýüze çykarýarlar. Şizofreniki depressiýa köplenç halatda atipiki (adaty däl) görnüşde ýüze çykyp, şoňa has mahsus bolan hereketleriň duruzylmasy ýaly alamat bolman, paranoid ideýalarynda nyşanlaşdyrmanyň seýrek däldigi, aýratynam depressiw affekt üçin has mahsus bolan ekspressiw (mimiki hem intonasional) ýagdaýlaryň peselmegi, hatda doly bolmazlygy bilenem geçmegidir. Näsaglar biperwaýlyk bilen biparh äheňde gürläp özlerini kötekleýärler, jana kast etme pikirlerini daş çykarýarlar-da, kähalatlarda şolary ýerliksiz emosiýalar bilen öwüşginlendirip aýdýarlar. Wagtyň geçmegi bilen «tapgyrlaýyn» şeýle depressiýalar öçügsilenip, adaty paranoid görnüşe geçýär.

Şizofreniýanyň paranoid görnüşiniň geçişi üznüksiz progrediýent, şeýle-de tutgaý şekilli progrediýent görnüşlerde-de bolup biler. Şularyň soňkusynda näsaglarda oz-özünden döreýän remissiýasynyň (keseliň gowulaşmasy) bolmagynyň çen-çak edilmesem mümkindir. Ýöne şeýle geçişleriň ikisinde-de önjeýli, meselem, paranoid alamatlaryň ýumşaşyp yza tesmä ýykgynlyk edýändikleri görnetin bolup, şizofreniýanyň hut özüne mahsus bolan alamatlaryň, şol sanda-da keseliň aýaklaýjy tapgyrynda näsaglaryň çuňňur mahsus degradasiýa (şahsyň ynsanlyk derejesiniň ýitirilmegine) getirýänligi ýüze çykýar.

**Şizofreniýanyň geçiş aýratynlyklary we ahyrky netijeleri.** Şizofreniýanyň geçişi dowamly – progrediýent görnüşli diýlip kesgitlenilýär. Onuň käbir görnüşleri ýaş adamlarda başlanyp, üznüksiz geçmegi bilen häsiýetlenýär-de, tiz beterläp howply derejä ýetensoň, 3-5 ýylyň dowamynda agyr soňlaýjy görnüşe gelýär. Keseliň oňaýly gutarmagy az howplurak görnüşlerinde-de bolup biler, ýöne şol ýagdaý has gijräk döremegi bilen tapawutlanýar.

Keselleriň halkara toparlanmasynyň 10-njy gözden geçirmesinde şizofreniýanyň geçişiniň üç görnüşiniň barlygy nygtalýar:

Keseliň üznüksiz geçişi remissiýalaryň bolmazlygy bilen häsiýetlenýär. Näsagyň ýagdaýlarynyň üýtgäp, özgerip durýanlygyna garamazdan psihotiki alamatlar hiç haçan doly ýok bolup aýrylyp gitmeýär. Keseliň has howply görnüşleri ir başlanyp apatiko-abuliki sindromyň tiz döremegine getirýär. Şu ýagdaý şizofreniýanyň ýönekeý hem gebefreniki görnüşlerine has häsiýetli bolýar. Kesel gijräk başlanyp paranoid alamatlaryň (paranoid şizofreniýasy) agdyklyk etmeginde geçýänleriniň soňlaýşy birneme oňaýlyrak bolýar: näsaglar durmuşa uýgunlaşýarlar. Şeýle-de bolsa alamatlaryň düýbünden aýrylyp gitmegini gazanyp bolmaýar.

Tutgaý görnüşli progrediýent (şuboşekilli) geçiş remissiýalaryň bolmagy bilen tapawutlanýar. Kesel tutgaý görnüşinde geçip, öz-özünden (ýa-da geçirlen bejergiden) döreýän remissiýalar bilen tamamlanýar. Orta hasapdan şizofreniýanyň tutgaýy birnäçe aýa (6-8 aýa çenli) çekip, psihiki alamatlaryň aýdyň yza gaýtmasy bilen tamamlanýar-da, kähalatlarda geçirilen kesele näsag tankydy garaýyşly çemeleşibem bilýär. Ýöne basgançaklaýyn geçýän tutgaý aralygynda şahsyň defektliligi barha artyp, onuň netijesinde-de näsag maýyplyga sezewar bolýar. Keseliň

17. Sargyt №3273.

soňlaýjy tapgyrlarynda remissiýalaryň hil tarapy ýaramazlaşyp, onuň geçişi üznüksiz ýakynlaşýar.

**Wagtal-wagtal gaýtalanýan (rekurrent) şizofreniýa.** Ol önjeýli hem-de şahsyň özgermesiniň ujypsyzlygy bilen geçýän oňaýly görnüş bolup, keselden açylmakdan soňky wagtynyň uzaga çekmegi bilen häsiýetlenýär. Tutgaýlar ýiti görnüşde başlanyp alamatlar affektiw taýdan doýgunlandyrylan (maniýa ýa-da depressiýa), tutgaýlyk ýokary derejä ýeten pursadynda bolsa aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy (oneýroid katatoniýasy) döräp biler. Hatda keseliň uzaga çekýän wagtlary hem şahsyň defekti emosional küteklik derejesine ýetirilmeýär. Näsaglaryň bir böleginde ähli ömrüniň dowamynda tutgaýlaryň biri ýa-da ikisi bolup geçýär.

Şizofreniýanyň islendik görnüşinde-de keseliň progrediýentliligine baglylykda näsaglaryň özboluşly göz-görtele özgermesi, ýagny defekt diýilýän ýagdaý döräp, ol hem keseliň dowam edişinde barha çuňlaşýar. Eger-de gödeksi organiki hadysalarda defekt funksiýalaryň ýitirilmegi bilen geçýän bolsa, şizofreniýada ol, esasan, psihiki hadysalaryň disfunksiýasy bilen ýüze çykýar. Şeýlelikde, defekt diýilýän ýagdaý hadysanyň togtadylyş şertlerinde döräp, psihiki funksiýalaryň durnukly ýitirilmegine ýa-da disfunksiýa getirip, zähmete bolan ukyplylygyň peselmegine ýa-da doly ýitirilmegine alyp barýar. Şizofreniýada defektiň dört sany: *apatiko-abuliki, akinetiki-katatoniki, giperkinetiki katatoniýa we gallýusinator-paranoidli kliniki* görnüşleri bar.

Soňlaýjy apatiko-abuliki ýagdaý pozitiw psihologiki alamatlaryň juda ukypsyz bildirýäninde şahsyň şizofreniki özgermeginiň görnetin üýtgemegi bilen kesgitlenýär. Şunda işjeň isleg-küýsewleriň we gyzyklanmalaryň tas doly diýen ýaly ýoklugy agdyklyk edýär. Näsaglaryň özlerini alyp baryşlary, edim-gylymlary biçak birmeňzeş bolup, olar gowuşgynsyz, hereket-gymyldysyz, haýal (passiw) bolýarlar. Olaryň ýüz-gözlerini oýnadyşlaram birmeňzeş garyplaşdyrylan bolýar. Motorikasy ýagdaýa bap sazlaşdyrylmaýar. Hereketlerinde aýnylyk peýda bolup, şolaryň çeýeligi, maýyşgaklygy ýitirilýär. Gürleýiş äheňi üýtgedilmeýän birlabyzly, gepgürrüňleri manysyz bolup, ekspressiýasyz geçirip, bir görnüşli awtomatizmler, torpidlilik (doňdurylan ýaly bolmaklyk), pikirlenişiň peselmesi, rezonýorçylyk, paralogiýalylyk ýaly we ş.m. ýüze çykyp biler.

Ýokarda görkezilen topardan akinetik-katatoniki we negatiwistiki ýagdaýlar diňe bir edim-gylymlaryň çuňňur peselmesi bilen häsiýetlenmän, eýsem-de bolsa akinetik-katatoniki bozulmalaryň önjeýliliginiň has äşgär bildirýäni ýa-da negatiwizmiň agdyklyk etmesinde ýüze çykyp biler. Näsaglar hereket-gymyldysyz bolup, hiç bir zat bilen meşgullanman, hiç bir zada gatyşman, hatda öz üst-başynadyr, synasyna-da seretmän özüni oňarmaýan nalajedäýine öwrülýärler. Olaryň ýüz-gözlerini oýnadyşlaram garyplaşdyrylan bolup, töwerekde bolup geçýän ýagdaýlara bap gelmän, nazarlary hiç zady aňmaýan boş, manysyz bolýar. Adatça, näsagyň ozüniň bir bolşuny (oturyp-turşuny, durşuny) üýtgetmezlige, aýdylyp-diýilýän

zatlara gep-gurrüňsiz tabyn bolmagy, bölekleýin ýa-da doly mutizmiň döremegi mümkin. Doly hereketsizlik, wagtal-wagtal göwräniň birmeňzeş yraň atdyrylyp durulmasy ýaly herekete getirilmesi, el-aýaklaryň birmeňzeş salgylanylmasy katatono-samsyklaç göçgünlilik bilen geçip biler. Başga bir halatlarda bolsa berilýän görkezmelere erjel garşylyk görkezme ýaly negatiwizmem görkezilip bilner. Tutanýerlilik bilen berilýän buýruklara jogap hökmünde olarda gahar-gazaply, dawaçyllykly göçgünligiň döremegem ähtimaldyr.

Soňlaýjy giperkinetiki-katatoniki ýagdaýlar şizofreniýanyň gebefreniki görnüşi bolan näsaglarda döreýär. Näsaglar hemişe stereotip (birmeňzeş görnüşli) hereketlenmeli bitakatlykda bolup, ýüz-gözlerini üýtgeşik görnüşde oýnadyp, üýtgeşik bolan geň-enaýy hereketleri edýärler. Näsaglaryň käbirisi özlerini çaga ýaly samsyklaç alyp baryp, gürrüňlerinde üýtgeşik sözleri, çaga wüjürdisini ulanýarlar, beýleki birleri ýüz-gözlerini oýnatma hem üm-yşaratlar arkaly affektleri birsyhly düşündirmäge çalyşýarlar: gorkyny, bilesigelijiligi, geňirgenmäni, uýalyp-utanmany, ejap etmäni we ş.m. Şeýle hem mutizm, iýmitden ýüz öwürmeklik katatoniki göçgünligiň gürleme joşgunlygyna gelme bilen geçýän parçalary hem ýüze çykyp biler.

Soňlaýjy gallýusinator ýagdaýlar şizofreniýa defektiniň görnetin bildirýän alamatlary bilen saklanyp galan hem durnuklaşan önjeýli gallýusinator- paranoid alamatlar görnüşinde bolýar. Şolaryň käbirinde bölekleýin bolan beýiklik (ketdelik) hem yzarlaýjy samramalar agdyklyk edýän bolsa, beýlekilerinde eşidiş gallýusinasiýalary bilen psihiki awtomatizm ýokarlanýar.

*Kesel kesgidi.* Şizofreniýanyň ähli görnüşlerine şeýle görnüşli umumy kesgit görkezijiler mahsus bolýar: bolmanda bir aýyň dowamynda saklanyp şol döwrüň başdan aýagyna çenli diýen ýaly ýüze çykyp, bolmanynda aşakda getirilip görkezilen psihiki ýagdaýlaryň hatda biriniň bolmagy zerurdyr:

a) eşidiş psewdogallýusionasiýalar, biriniň pikiri kellesine salnan ýaly, aralyklara gönderilip iberilmegini ýa-da şolaryň zoraýakdan alynylyşyny duýmak; b) täsir ediji paranoid, gapdaldan kimdir başga biriniň näsagy göz astyna almagy, aýry-aýry hereketleriň, pikirleriň, edim-gylymlaryň, duýgularyň başga biri tarapyndan edilýänligini duýmak, paranoid kabul ediliş; ç) düşündiriji ýa-da özara söhbetdeşlikli söz gallýusinasiýalarynyň döräp, näsagyň edim-gylymlary barada gürlenip, şolaryň bahalandyrylyşyny eşitmek ýa-da ýeneki bir gaýry, meselem, bedeniň dürli böleklerinden çykýan sesleri eşitmek; d) näsagyň ýaşaýan ýeriniň medeniýetine, ýöredilýän däp-dessurlaryna, şonuň kada-kanunlaryna bap gelmeýän ýerliksiz, hakykatdan arasy daş bolan mazmunly durnuksyz geň-taň paranoid (meselem, tebigatyň howasyny ugrukdyrma, adamzadyň taryhynda şindi bolmadyk gaýry planetalaryň jandarlary bilen arabaglanyşyk, gönümel duşuşyk gurmak) ýaly durmuşda amala aşyrylyp bolmajak, asla heňe gelmejek hyýalagetirmeler, toslama göwüntapmalary aýtmak. Eger-de ýokarda görkezilen alamatlaryň hiç birisem bolmanynda,

onda aşakda görkezilenleriniň bolmanda ikisiniň bolmagy; e) keseliň islendik görnüşinde bir aýdan az bolmadyk wagtyň dowamynda takyk bolmadyk affektiw öwüşgünli tranzitor we rudimentar paranoid ideýalary bilen geçip, günsaýyn döreýän durnukly gallýusinasiýalaryň bolmagy; f) neologizmler, gürleýşiň üzlemsaplamlygyna getirip, pikirleriň bir-birinden üzňeligi, ugrukdyrlyp bolunmaýan okgunly pikir akymynyň parçalary; j) göçgünlilik, stereotipiýalar, mum çeýeligi, negatiwizm, mutizm, stupor ýaly katatoniki alamatlaryň bolmagy; k) beterläp barha güýçlenýän apatiýa, gürleýşiň söz baýlygynyň garyplaşmasy, gürrüňleriň ýüzleýligi we affektleriň ýerliksizligi ýaly alamatlaryň bolmagy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Şizofreniýanyň kliniki suratlanyp ýüze çykyşynyň ýaýbaňdan giňligi sebäpli, şol ýagdaý käbir halatlarda keseliň kesgidini kynlaşdyrýar. Şizofreniýany, esasan, beýni zeperlenmelerinden (şikesleri, zäherlenmeleri, ýokanç keselleri, atrofiki hadysalary), affektiw psihozlardan (maniakal-depressiw psihozdan) we psihogen ýagdaýlardan (newrozlar, psihopatiýalar, reaktiw psihozlardan) tapawutlandyrmaly bolýar.

Ekzogen psihozlar belli bir zatlaryň täsir etmegi bilen baglanyşykly döreýär (şikes, zäherlenme, ýokançlar we gaýry ýagdaýlar). Köplenç halatda ekzogen alamatlar ýüze çykýar, şeýle-de obýektiw usullar arkaly (EEG, kompýuter tomografiýasy, oňurga ýiliginiň suwuklygynyň barlanylmagy we başgalar) barlaglar geçirilip, döräp kemala gelýän şahsyň defekti (kemislikleri) şizofreniýanyňkydan düýpgöter tapawutlanýar. Önjeýli alamatlarynyň özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Şizofreniýa häsiýetli bolmadyk ekzogen reaksiýalar: deliriý, gallýusinoz, asteniki sindrom agdyklyk edýär.

Meselem, affektiw psihozda, maniakal – depressiw psihozda hatda keseliň uzak dowam edip geçmegi-de, şahsyň özgermesine getirmeýär. Pzihopatologiki ýagdaýlaryň ýüze çykarylmasy bolsa, esasan, affektiw bozulmalaryň döremegi bilen çäklenýär.

Durnukly samramaly bozulmalaryň ýiti we tranzitor psihozlarynyň kesgidi geçirleninde şizofreniýadan tapawutlylykda şu keseller şizofreniýa mahsus bolan şahsy spesifiki defekt bilen alamatlanyp geçmeýär. Şu keselleriň geçişinde progrediýetliligem bolmaýar. Olaryň klinikasynda käbir halatlarda bolaýmasa, adatça, şizofreniýa häsiýetli bolan (ataktiki pikirleniş, täsir ediji paranoid ideýalary, awtomatizm, ataksiýa) alamatlaram bolmaýar.

Keseliň ýüze çykyşynyň ähli taraplarynyň kesellenilmezinden öň bolup geçen psihotrawma bilen baglanyşyklydygyny görkezip, döreden sebäpler aýrylan badyna keseliň bady gaçyp, ýagdaýyň tiz gowulaşýanlygy reaktiw psihozyň peýdasynalygyny görkezip, şony tassyklaýar.

Keseliň belli bir tapgyrlarynda we şizofreniýanyň käbir görnüşlerinde şahsyň bozulmalary bilen tapawutlandyryjy kesgidiň geçirilmeginiň zerurlygynyň döremegem ähtimaldyr. Soňkular uzak wagt geçensoň dörän durnukly alamatlaryň ýüze

çykmagy bilen häsiýetlenýär. Şolaryň şizofreniýada ýüze çykmagy belli bir derejede gowulaşyp ilerlemegi ýaly bir zat bolup, hil tarapdan düzülişi welin çensiz gödeksilik hem aýnylyk bilen tapawutlanýar.

Şeýlelikde (görnüşine we geçişine garamazdan), şizofreniýanyň beýleki psihiki keseller bilen tapawutlandyrylýan kesgidi geçirleninde hut şizofreniýa mahsus bolan we kemakyllygyň, dowamly psihiki keselleriň çäklerindäki psihiki funksiýalaryň dissosiasiýa meňzeş spesifiki häsiýetlenmesinde esaslandyrylmalydyr.

*Bejergisi.* Bejeriş usullary we belli bir terapewtiki tärleri hem-de derman preparatlaryny ulanmak öňi bilen şizofreniýanyň kliniki görnüşi, keseliň tapgyry we geçiş ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Keseliň bejeriş usullary saýlanylyp alnanda näsagyň fiziki saglygy, onuň ýaşy, MNU-da zeperlenme alamatlarynyň barlygy ýa-da ýoklugy hem hökmany suratda hasaba alynýar. Häzirki wagtda has giň gerim alan bejeriş usulynyň esasysy neýroleptiki serişdeler bilen hem-de insulin komalary arkaly bejermek.

Psihiki bozulmalar paranoid, gallýusinator we göçgünlikli ýagdaýlaryň agdyklyk edip, has äşgär bildirip ýüze çykmagynda zuklopentiksol, azaleptin, rispolept, kwetiopin, galoperidol, aminazin we başgalar ulanylýar. Katatoniki alamatlar dörände – majeptil, flýuanksol, etaperazin, frenalon, eglonil ýaly preparatlar ulanylýar. Keseliň gaýtalanmagynyň (residiwiniň) öňüni almak we gazanylan remissiýany durnuklaşdyrmak üçin uzak wagtlap neýroleptikleriň uly bolmadyk möçberleri bilen kömekçi bejerginiň geçirilme zerurlygy ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlarda neýroleptikleriň uzak täsir edýänleri (prolongirleninenleri) – moditen – depo, galoperidol-dekaonat, piportil L-4 we başgalar ulanylýar (sançmalar 2-4 hepdeden bir gezek geçirilýär). Dermanlaryň mukdary şahsyň dermana duýgurlygynyň, ony göterip bilşiniň esasynda her näsag üçin aýry möçberde alynýar, şol mukdarlaram biri-birlerinden ep-esli derejede tapawutlanyp biler.

Klassiki neýroleptikler (galoperidol, triftazin, trisedil, majeptil) bilen bejerilýän (aýratynam şolaryň ýokary möçberlerini alýan) näsaglarda goşmaça newrologiki ýagdaýlaryň – neýroleptiki sindrom – akatiziýa, ýagny muskullaryň doňmagy ýa-da bir ýerde duruzmaýan galagoplyk, bitakatlyk, tremor, aýry-aýry muskullaryň çekilmesi (aýratyn-da ýüz we boýun muskullarynyň) giperkinezler bilen ýüze çykýan «derman parkinsonizmini» döredýär. Şeýle bozulmalaryň öňüni almak üçin näsaglara antiparkinsoniki (siklodol, akineton, dimedrol, benzodiazepin trankwilizatorlary we nootropil) berilýär.

Haçan-da, negatiw psihiki bozulmalar agdyklyk edende tijendiriji täsirli neýroleptikleriň, meselem, flýuanksolyň az mukdarynyň ulanylmagy maslahat berilýär. Depressiýalar, ipohondriýalar, senostopatiýalar we iriziji ilgezeklik ýagdaýlar agdyklyk edeninde bolsa – fluwoksamin, sitalopram, amitriptilin we gaýry antidepressantlar berilýär. Çylşyrymly psihopatologiki sindromlar (depressiw paranoid, maniakal paranoid) döräninde dürli neýroleptikleri, antidepressantlary we

başgalary öz içine alýan preparatlaryň utgaşdyrlan toplumyny bermegem bolar. Psihofarmakoterapiýanyň goşmaça somatiki täsiri ýetirýänligi hem unudylmaly däldir. Iň howply çylşyrymlaşmalara agranulositoz girýär, ol azaleptin berlende döreýär, trisikliki antidepressantlar berlende bolsa buşugma kesilýär, ýürek urşunyň kadasy bozulýar.

Klassiki neýroleptikler bilen geçirilýän bejergi uzaga çekdirilende howply neýroleptiki sindrom döreýär.

Insulin komalary arkaly bejergi geçirilmegi hem öz ähmiýetini ýitirenok. Hünärmenleriň köpüsiniň bellemegine görä, insulin komatoz bejergisiniň tapgyry geçirilensoň şizofreniýadaky remissiýalaryň dowamlylygy artyp uzalýar-da, şol ýagdaýyň keseliniň üznüksiz progrediýent ýagdaýda geçýän näsaglarda döremegine-de ýardam edýär. Awtorlaryň käbiri insulinşok terapiýasynyň şizofreniýanyň katatoniki hem paranoid görnüşlerinde has täsirlidigini hem belleýärler.

Näsaglaryň doly bahaly durmuşa dolanyp, girişip bilmeginde durmuş-zähmet dikeldilişiniň möhüm ähmiýet oýnaýanlygyny hem belleýärler. Psihiatrik kömeginiň berilmesindäki umumy ulgamda bejeriş-zähmet terapiýasynyň we näsaglara durmuşy kömek-hemaýatlarynyň dürli görnüşleri hem göz öňünde tutulýar.

Psihiatr lukman näsagyň psihiki ýagdaýyna görä we onuň deslapky hünärine baglylykda oňa laýykdan ýerlikli boljak, onuň hötdesinden gelip biljek işini saýlap berýär. Näsagyň ozalky hünäri boýunça işlemäge mümkinçiligi bolmanynda, ol hünär okuwy geçip, täze hünäri ele alyp biler. Eger-de zähmete bolan ukyp düýbünden ýitirilse ýa-da töwerekdäki ýagdaýlara uýgunlaşyp bilme ukybyndan dyndarylsa, onda ol lukmançylyk işe ukyplylygy kesgitleýiş (ekspert) toparynyň maslahatyna iberilip, onuň zähmete ukypsyzlyk (maýyplyk) derejesi kesgitlenilýär.

**Şizotipiki bozulmalar.** Şizotipiki bozulmalara şizofreniýanyň ambulator görnüşlisiniň latent (şindi ýüze çykyp bildirmeýän döwrüniň) hem-de haýal geçýän ekwiwalent (düzümi) hökmünde garalsa bolar. Şu bozulmanyň şeýle kesgitlenilmesi jedelli bolup, muny şizofreniýanyň ýönekeý görnüşlisinden hem şahsyň şizoid bozulmalaryndan (psihopatiýalardan) tapawutlandyrmak diýseň çetin bolýar.

*Epidemiologiýasy (döreýşi).* Şizotipiki bozulmaly şizofreniýa keselli näsaglaryň ýakyn garyndaşlarynyň 10-15%-de genetiki (nesil yzarlaýjylygy) hökmünde ýüze çykýar. Şizotipiki näsaglaryň şizofreniýa bilen kesellemä genetiki ýykgynlygy bolup, durmuş ýagdaýynyň gowy şertlerinde ýaşanynda ol has agdyk bozulma ýetirilmän psihiki keseliň çala bildirýän ýüzleý alamatlary bilen häsiýetlenip geçýänligi baradaky çaklamalaram bar.

*Klinikasy.* Esasy alamatlary howatyrlanmaly gorkular bilen geçýän bozulmalar ýüregedüşgünç iriziji pikirlerinden şahsyň kemçilikleri bilen utgaşan ýagdaýlaryň bolmagy psihiki taýdan töwerekdäkilerden aranyň açylyp ýekemen dymmalyga ýüz urmagy ýaly alamatlar keseliň klinikasyny (geçişini) suratlandyrýar. Şunuň esasynda-da şizotipiki bozulmalaryň keselbentlikliginiň alamat babatda

önjeýlileriniň agdyklyk edýän (psewdonewrotiki ýa-da psewdopsihopatiki obe-sessiw – fobiki (ýürege düşgünç iriziji gorkular), depersonalizasion (öz-özüňi ta-namazlyk, özüňi keseki ýaly duýmaklyk hem saýmaklyk), isteriki (özüni elinde saklabilmezlik – haýýarlyk, nadaralyk) we negatiwistiki (talap edilýän zatlary ters etmeklik) ýaly alamatlar bilen geçýän bozulmalaryň görnüşleri ýüze çykýar.

Şizotipiki bozulmanyň obsessiw – fobiki alamatlaryň agdyklyk etmegi bilen geçýäni köp sanly howatyrlanmaly gorkulary hem ýüregedüşgünç iriziji ýagdaýlary öz içine alýar.

Şeýle-de, keseliň kliniki suratlanylyşynda dissosiatiw bozulmalar, auto- we allopsihiki (öz içinden we daşyndan getirilýän gyjyndyryjylary özüňçe özgertmek-lik) depersonilizasiýanyň, dowul turuzyjy garagolluk edip topulybermäniň ýüze çykarylyp bildirilýänleri, has uly ähmiýet berilýän ipohondriýanyň (özünde bar bolan keselbentlikli ýagdaýyň çişirilip, has agyr hem gorkuly görnüşlerde surat-landyrylmagy) düzümine girýän ýagdaýlar döreýär. Agorafobiýanyň (giňişlik ýer-lerde bolmadan, açyk meýdanlardan ýöräp geçmeden gorkmanyň), gatnaşyklaryň sensitiw (duýgurlykly) ideýalarynyň zyýançekijilikli hem-de yzarlaýjylykly pa-ranoid ideýalarynyň geçişini çylşyrymlaşdyrýar. Psewdonewrotiki ýagdaýlaryň ýüze çykýanlarynyň arasynda, köplenç halatda dowul turzup gorkuzýan hereket-leri (aram-aram bolýan paroksizmal) – joşgunly geçýän howsalaly (gorkular we ýüregedüşgünç iriziji) ýagdaýlar agdyklyk edýär.

Dowul turuzýan hereketler (birden topulybermek), köplenç halatda gorky bi-len utgaşyp, özüne erk-ygtyýar edip bilme ukybynyň ýitirilmegi, joşguna gelip, däli-porhan bolma ýa-da somatiki we wegetatiw bozulmalar (tahikardiýa, el-aýak-laryň sowap üşütmäni, howanyň ýetmezçiligini duýmak, demigmek, öz teniňi tutuşlygyna duýmazlyk, birden ysgyndan düşüp bitaplanmak, senestopatiýalar (duýgurlygyň peselmegi) bilen häsiýetlenýär.

Keseliň suratlanylyşy agorafobiýa bilen geçip, şolam näsagyň çylşyrymly bolan özboluşly yrym-ýorumlar etmesi bilen ýüze çykýar. Käbir gorkularyň öz-gerip, başga görnüşlilerine geçmegem mümkindir. Meselem, tenine dürli görnüşli zyýan ýetiriji agentleriň, zäherli maddalaryň, kesel dörediji bakteriýalaryň ýa-da ýiti zatlaryň – iňňe, demirdir aýna gyýgyçlarynyň giräýme ähtimallygynyň gorkusy fobiýalarda bolşy ýaly, agorafobiýalaram näsagyň özüniň sagdyn bolmadyk goran-mak (kähalatlarda sagatlap dowam edýän hereketler – uzak wagtlap gaýta-gaýta ellerini ýa-da ähli endamyny sabynlap ýuwmak, geýim-gejimlerini dermanlap aras-salamany, hatda dezinfisirlemäni geçirmek we ş.m.) zatlary etmek bilen häsiýet-lenýär. Ýuwaş-ýuwaşdan şol yrym-ýorumlar keseliň geçişiniň suratlanylyşynda esasy orny eýeläp, näsaglaryň özlerini alyp baryşlaryny kesgitleýär, kähalatlarda bolsa şolaryň adamlardan, jemgyýetden aralarynyň açyp, doly kesilmegine-de ge-tirýär. Aslynda sebäbi bolmadyk şol esassyz howatyrlanmalardan ätiýaç edýän nä-saglar okuwynydyr işini taşlap başdan aýlap urýarlar-da, aýlap öýünden çykman

busup oturýarlar, hatda iň ýakyn adamlaryndanam, hossarlaryndanam aralaryny açyp, diňe öz şahsy otagynyň çäklerinde özlerini howpsuzlykda saýyp, arkaýyn duýýarlar.

Uzaga çekýän wagtyň (birnäçe aýdan, birnäçe ýyla çenli) çäklerinde geçýän fobiýalaryň tutgaýlary depressiw (sustupeslikli) affektiw göçgünlikli bozulmalar bilenem utgaşyp biler. Şeýle tutgaýlaryň düzüminiň suratlandyrylyşyny kesgitleýän fobiýalar köp görnüşde bolýarlar. Depressiýanyň ýüze çykyşynda somatizirlenen howsala agdyklyk etse, onda birinji orny howatyrlandyryjy gorkular bilen geçýän hereket edilmeler, ölüm gorkusy (infarkt, insult, onkofobiýa – howply çiş kesellerinden gorkma ýa-da bedene kesel döredіji bakteriýalaryň), beden üçin del bolan zatlaryň düşme gorkusy eýeläp biler.

Depersonalizasion we howsalaly suratlanma bilen geçýän gaýry görnüşli depressiýalarda goýazy manyly fobiýalar agdyklyk edip, ýeldirgemeden, erk-ygtyýaryňy ýitirip uçursyz güýçli howatyrlanma sebäpli uly aljyraňňylyga düşüp özüne ýa-da töweregindäkilere urgy salyp şikes ýetirmekden – kimdir birini öldürmekden, ýa-da öz janyna kast etmekden, ýokarky eýwandan çagany aşak zyňmakdan, asylyp ölmekden, özüňi beýik eýwandan aşak oklamakdan we ş.m. zatlardan gorkular döreýär. Ýürege düşgünç iriziji ýagdaýlar haýal geçýän şizofreniýada, köplenç halatda eýýäm döräp başlan negatiw özgermeleriň esasynda näsagyň özüni ähli zatdan arasyny açyp umydyny ýitirendigi, duýgularynyň öçügsilenenligi, garyplaşyp kütelişenligi bilen häsiýetlenýär. Munda ýürege düşgünç iriziji akyldarsyrama, hereketleriň gutarnykly durnuklananlygyny aňladýan ýa-da ýüregedüşgünç, iriziji şübhelenmeleriň sowa görnüşleri ýüze çykýar.

Şonda ýüregedüşgünç iriziji şübhelenmeler öz teniň, geýim-gejimleriň, töwerekleýän zatlaryň arassalygyna ýeterlik ynamyň bolman, aslynda ýok bolup, diňe hyýala getirilýän şol hapalardan arassalanylyp dynma gönükdirilen yrym-ýorumlaryň sagatlap dynuwsyz geçirilmegi bilen häsiýetlenýär. Ýürege düşgünç iriziji çaklamalaryň peýda bolmagy bejerilip bolunmaýan agyr keseliň, köplenç halatda onkologiki keselleriň özünde barlygyna dörän müňkürlik näsagy ynjalyksyzlandyryp özüni hünärmenlere öwran-öwran dyngysyz barlatmagyna itergileýär.

Içki hadysanyň beterlemegi bilen ýüregedüşgünç iriziji ýagdaýlar deslapky affektiw goýazylygyny ýitirip, haýal geçme hem birmeňzeşlikli häsiýete eýe bolýar. Olaryň many-magady üýtgäp, barha samsyklaçlyga ýazdyrylyp, psihologiki, logiki düşnüklilik häsiýetini ýitirýär. Şonda ozal şu näsaga mahsus bolmadyk psihopat şekilli anankastiki (ýüregedüşgünç iriziji ýagdaýyň bir görnüşi) toparynyň – rigidliligi – oýlanylyşyň amala aşyrylyşynyň doňup, haýallap süýşmän kynlaşmasy konserwatizm – täzeliklere ýykgyn edilmäniň, şol bir wagtky köne zatlaryň döwnäp, täzeleri ýigrenme, pikirlenmäniň samsyklaç sadalaşdyrlan gönümelden ýöntemleşdirilmegi ýaly alamatlar peýda bolýar.

Newrotiki depersonalizasiýalaşdyrma häsiýetli şizotipiki bozulmalarda näsaglar «duýgy äheňiň», töwerekleýin zatlaryň duýlup kabul edilişiniň ýitiliginiň könelişýändigine hem-de takyklygynyň ýitirilmegine şikaýat edýärler. Şonda autopsihiki depersonalizasiýanyň ýüze çykyşy doly görnüşdäki ýat kesekä öwrülip daşlaşmak, ozüniň «menini», ýagny kimligini bilmän ýitirme derejesine ýetirilýär. Näsaglar özleriniň psihiki «meniniň» ýitirilip özgerenligini – özleriniň geçmiş bilen baglanyşygyny ýitirendiklerini, ozal özleriniň kim we nähili adam bolandyklaryny bilmeýändiklerini tekrarlaýarlar. Özleriniň ähli edim-gylymlaryny mehaniki bir zat ýaly many-mazmunsyzlygyny, özleriniňki däl-de kesekiniňki ýaly kabul edýändiklerini belleýärler. Olar özlerini şahs kimin duýma ukybyndan mahrum bolup, özlerine «gapdaldan garaýan synçy», başga bir keseki adam ýaly duýýarlar-da, töweregindäkilere garaşly bolan duýgusyny aňladýandyklarynda ezýet çekýändigini aýdýarlar. Pikirleridir edim-gylymlaram beýleki adamlardan mehaniki görnüşde kabul edilip alynýar-da, olar sahnadaky oýunbazyň bolşuny gaýtalap, özleri üçin del bolan haýsydyr bir kesekiniň keşbine girýän ýaly bolýarlar. Başky prosesiň barha beterlemegi bilen depersonalizasiýanyň ýüze çykyşy ýuwaş-ýuwaşdan öz takyklygyny, fizikiligini, köpgörnüşliligini ýitirýär. Birinji orna özüniň «doly bahaly adam däldigi» ýaly duýgy çykýar. Näsaglar özlerini çöňňelen diri samsyk, sadadan ýöntemleşen nadan ýaly duýup, şol ýagdaýlar hem olaryň adamlar bilen gürleşip habar alşyp bilmesini kynlaşdyrýar. Olara adamlaryň täze toparynyň arasyna, kollektiwe girmek kyn bolup, daş-töweregini gurşaýan dünýäde bolup geçýän ýagdaýlaryň inçeliklerine göz ýetirme, beýleki adamlaryň edim-gylymlarynyň nähiliräk boljaklygyny bilmek kynlaşýar.

Isteriki alamatlar bilen ýüze çykýan şizotipiki bozulmalarda isteriki alamatlar görnetin sadalaşdyrylan görnüşe eýe bolýar. Oňa gödek, şol birinji çykarylan isteriki reaksiýalaryň görkezilmegi, özüni alyp barşyň geçip duran ýagdaýlara laýyklanman, çişirilip eselmek görnüşinde geçirilmegi, näz-kereşmeli aýnylyk etmäniň durnukly häsiýete öwrülmegi aýlaryň dowamynda aýrylman, uzak saklanýan kontrakturalar – bogunlaryň gyşaryp doňmasyndan hereketlenmesiniň çäklenmegi, giperkinezler-hereketler keselbentlikli mejbury güýçlendirilmegi, durnukly afoniýa (sesiň ýitirilmegi) ýaly alamatlar häsiýetli bolýar. Isteriki bozulmalaryň fobiýalar, ýüregedüşgünç höwesler we senestoipohondrik (duýgy sustupesligi) ýaly alamatlar bilen utgaşýan ýerlerem seýrek däl.

Kähalatlarda uzaga çekip aýlaryň dowamynda geçýän isteriki psihozlaryň döremegi hem şuňa häsiýetli bolýar. Psihozyň suratlanylyşynda çişirilip güýçlendirilen isteriki bozulmalar agdyklyk edýär:aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bozulmasy, hyýala getirilmeli erteki ýaly görüş hem eşidiş gallýusinasiýalaryň ýüze çykmagy, joşgunly herekete gelmek ýa-da doňup, hereketsiz gatap galmak, myşsalardyr siňir çekmesi bilen geçýän isteriki paroksizmalar – göçgünlenilmeler döreýär.

Keseliň giçkiräk tapgyrlaryndaky suratlanylyşynda ýalançylyk, many-maksatsyz hereketleri etmäge ýykgynlygy görkezmek, bikärlik ýaly gödeksi psihopatiki alamatlar ýüze çykýar. Şular bilen bir wagtda-da şizofreniýa häsiýetli bolan autizm, işewürligiň, önjeýliligiň peselmesi, haýsydyr bir zada uýgunlaşmanyň kynlaşmasy, gürleşip habar alyşmalaryň, adamlar bilen işdir gaýry hyzmatdaşlyklara degişli bolan sowallar barada iş salşyp bilmekligiň ýitirilmegi ýaly alamatlar peýda bolup, aýdyň ýüze çykýar. Ýyllaryň geçmegi bilen näsaglar, köplenç halatda ýekemen, daş keşbine görä geňirgendiriji adama öwrülýärler.

Umuman alanyňda, şizotipiki bozulmalaryň geçişi oňaýly bolýar. Näsaglaryň aglabasy zähmete bolan ukyplaryny ýitirmän saklaýarlar. Şizotipiki bozulmalaryň geçişiniň arasy üzülmänem aram-aram döreýän tutgaý görnüşlem bolup biler. Şularyň aralary üzülmän durnukly geçýänlerinde newroza çalymdaş ýa-da psihopata çalymdaş alamatlar durnukly saklanyp, ýuwaş-ýuwaşdan psihopatologiki alamatlar çylşyrymlaşyp, şahsyň özgermesi artýar. Tutgaý görnüşli geçýäninde ipohondriki alamatlaram ýa-da apatiki depressiw-biparhlykly sustupesligem ýüze çykyp biler. Ýaşy aňry gitmegi bilen hereketsizlik hem biraz biparh garamak ýaly ýagdaýlar agdyklyk edip başlaýar. Käbir halatlarda näsaglar aýdylan-diýlene gulak asyp, ylalaşagan bolup, bolar-bolgusyz adamlar bilen aragatnaşyklaryny kesýärler-de, özlerine çylşyrymly bolmadyk güýmenjelik bir iş tapýarlar. Şu ýagdaý bolsa lukmanyň durmuş-ýaşaýyş kömeginde-de näsagyň durmuşa uýgunlaşyp bilmesini ýitirmän saklap bilmegine ýardam edýär.

*Kesel kesgidi.* Kesgidiň goýulmagy üçin keseliň kliniki suratlanyşynda soňky iki ýylda aşakda getirilip görkezilen alamatlaryň azyndan dördüsiniň açylmagynyň zerurlygy nygtalýar.

• Çäklendirilen we hemişe dogry ýagdaýlaradyr hadysalara gabat gelmeýän çäkli gürrüňler, ýagdaýa laýyklanyp getirilmän görkezilýän sowuk-salalyk, keseki ýaly, ýat adama öwrülen ýaly bolmaklygyň ýüze çykmagy;

• Geň-enaýylyk, özüňi alyp barşyň, daş keşbiň haýran galdyrýan geňirgendirijiligi;

• Habar alyşýan, iş salyşýan adamlaryň azlygy, şonuň örüsiniň darlygy, durmuşy aragatnaşyklardan sowa durlup gaçganaklamak;

• Medeniýetiň kada-kanunlaryna bap gelmeýän geň-enaýy garaýyşlar ýa-da pikirlenişiň ýöredilýän adaty düşünjelerde näsagyň özüni alyp barşynyň, gabat gelmeýänligi bilen garaýyşlarynyň hem pikirlenişiň adaty medeni talaplara gabat gelmeýän, ýöredilýän nusgalara gabat gelmeýän, gelişmeýän metafizikligi;

• Ynanmazlyk, şübhelenmek ýa-da paranoid samramalary gyşardylan logiki düşünjeleriniň bolmagy;

• Manysyz boş akyldarsyramaklygyň, betnyşanlykdan gorkmaklygy oňuşmazlygy, dawagärligi;

• Newroza çalymdaş alamatlaryň – howsala düşmekligiň, aljyraňňylyk sebäpli döreýän tutgaýlar, ýüregedüşgünç iriziji zatlaryň dürlüleriniň ýüze çykmagy, ýa-da psihopata çalymdaş özüni alyp baryş, köplenç halatda isteriki alamatlar bilen geçýänligi;

• Adaty bolmadyk duýgularyň, şol sanda-da somatosensor duýgularyň döremegi, illýuziýalaryň, depersonalizasion, derealizasion howsalalanmalaryň bolmagy;

• Gürrüňleriň gümürtükden aýdyň bolmadyk düşnüksiz görnüşdäki metaforalara-deňeşdirilmelere ýüz urulmagy ýa-da pikirlenişiň gaýtalanýan bir görnüşde geçirilip, sözlemleriň doly bozulmak derejesine ýetirilmese-de, bir hili geň-enaýylygy bilen tapawutlanmagy;

• Aram-aram öz-özünden döreýän illýuziýaly hem-de eşidiş gallýusinasiýaly paranoid ýagdaýlaryň döremegi.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Şizoid psihopatiýadan tapawutlylykda şizotipiki bozulmada pikirlenişde hem-de özüni alyp barşynda geň-enaýylygyň goýberilmegi agdyklyk edip, keseliň beterlemegi esasynda psihopatiki alamatlar agyrlaşýar. Şizotipiki bozulmada şizofreniýadan tapawutlylykda şizofreniýa häsiýetli bolan psihopatiki alamatlar bolýar we olar ýüze çykmaýar. Ýöne iş ýüzünde olary aýyl-saýyl edip tapawutlandyrmak diýseň kyn bolýar. Ýokarda görkezilen bozulmalaryň kesgidiniň geçirilmesiniň çylşyrymlylygy sebäpli, şizotipiki bozulmalaryň kesgidiniň goýulmagyna seresaplyk bilen çemeleşilmelidir.

*Bejergisi.* Onuň bejergisi uzaga çekdirilmän berilýän neýroleptikleriň az mukdarynyň ulanylmagynda we psihoterapiýanyň geçirilmeginde şonuň toparlaýyn usulynyň ulanylyşyna, psihoanalize, neýro-lingwistiki maksatnamalaşdyrma ýykgyn edilmeginde esaslandyrylandyr.

**Dowamly paranoid psihozlar.** Bu psihiki bozulmalaryň diýseň dürli görnüşli topary bolup, aýry-aýry manylardaky durnukly paranoidli pikirleriň ýüze çykmagy bilen häsiýetlenip gallýusinasiýalar we affektiw reaksiýalar başda bolman soň goşulýar. Dowamly paranoid psihozlar şizofreniýadan tapawutlylykda keseliň üznüksizden äşgär hem anyk geçişiniň bolmaýanlygy, paranoidiň ýokary derejede tertipleşdirilişi bilen häsiýetlenilýär. Şunuň ýaly psihozlara yzarlaýjy hem gabanjaňlyk paranoidi, ipohondriki we disformomaniki (bedroýlyga ýykgynlyk) pikirler häsiýetli bolýar. Täsir ediliş paranoidi we psihiki awtomatizmler tersine, bu keselde hiç haçan hem duşmaýar. Şahsy emosional-erk kemçiliklerem ýüze çykmaýar.

**Paranoid bozulmalar.** Munda mazaly tertipleşdirilen, daşy gaplanyp ýapylan şizofreniýa häsiýetli bolan pikirlere manysy hem adatylygy bilen gabat gelýän affekt utgaşdyrylyp, şahsyň derejesiniň peseldilmeginiň ýoňsuzlygynyň agdyklyk etmesi bilen häsiýetlenýän bozulmalar birleşýär.

*Epidemiologiýasy.* Adamlaryň 100 000-den 25-30-nyň kesellemesi bilen häsiýetlenip, şolardanam ýylda diňe 2-3 sany täze adamlar ýüze çykarylýar. Näsaglaryň

bir bölegi haýsydyr bir saý-sebäpler bilen psihiatrlaryň garamagyndan sowa galýarlar. Özleri kömek sorap seýrek ýüzlenensoňlar, adatça, olary lukmana ýüzlenmäge hossarlary ýa-da hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri ýardam edýär.

Paranoid bozulmalary, köplenç halatda orta ýaşlarda başlanyp, hassahana ýerleşdirilýänleriniň iň köp sany 30-40 ýaşlylara gabat gelýär.

Näsaglar, adatça, üpjünçilik taýdan ýaramaz maddy durmuşda ýaşaýan garypgasarlardan bolup, bilimi, aň derejesi pes, köplenç halatda başga bir döwletden gelen gaçgaklardan bolup çykýarlar.

*Etiologiýasy we patogenezi.* Keseliň etiologiýasy näbelli. Paranoidli bozulmalar şizofreniýanyň irki tapgyrlaryna degişli bolmaýar, çünki katamnestiki (hassahanadan çykarylandan soňraky) gözegçilikler ilkinji goýulan kesgidiň özgerdilmegine esas döretmeýär. Şizofreniýa ýa-da affektiň bozulmalar bilen genetiki baglanyşygyň barlygynyň hem üsti açylmaýar. Paranoid bozulmalar, megerem, entek üsti açylmadyk biologiki sebäplidir, çünki limbiki ulgamyň hem-de bazal gangliýalaryň kognitiw kemçiligi, ýetmezçiligi bilen utgaşdyrylmadyk zolaklarynda kliniki taýdan biri-birine gaty meňzeş suratlanmalar bolup biler.

Şularyň durmuşy sebäpler bilen döredilmegini hem inkär edip bolmaz, çünki paranoid bozulmalaryň aýratyn, adaty bolmadyk üýtgeşik ýagdaýlarda (mejbury göçe-göçlüge uçradylandaky ýola rowana bolmalar, türme psihozlary, tükeniksiz şikaýatlar edip ýören kwerulýantlaryň – arzaçylaryň paranoýasy ýaly ýagdaýlaryň) döreme ýykgynlylygy hem şuny subut edýär. Şeýle ýagdaýlara özüne ýowuz daralmagy, mertebesiniň depelenilip kemsidilmegine, ynamynyň gaçyrylmagyna, şübhelenmä, görübilmezlik we gabanjaňlyk, ýanalynylyp kopçülikden çetleşdirilmek, bolup geçýän zatlaryň getiräýjek ýagdaýlarynyň, töwerekde bolup geçýän zatlaryň sebäpleriniň ähmiýeti baradaky ýüregedüşgünç iriziji pikirlere batmak häsiýetli bolýar. Haçan-da şu ýagdaýlaryň islendiginiň utgaşmasy bilen döreýän frustrasiýa (aldanmak, şowsuzlyga uçramak) psihologiki goranyp bilişden agdyklyk etse, onda näsagda howsalanma döräp, ol düşen çykgynsyz ýagdaýyndan çykalga gözläp, geplemezden dymma öwrülýärler-de, onuň paranoidi durnuklanyp ulgamlaşdyrylýar. Paranoidiň döremegine ata-eneleriň müňkürligi, totalitar (hukuklardan mahrum edýän ýowuz) jemgyýet gurluşy ýa-da aňtalma, yzarlanma, özüni alyp barşyna üznüksiz gözegçilik edilip, aňtalýan gizlin guramanyň yzarlamasy hem «ýardam edýär».

*Klinikasy.* Bu topara klassiki (aňrybaşy) paranoýa, şeýle-de ulgamlaşdyrylan parafreniýa girýär. Has takyk manyda aýdylanda bolsa, bu özüniň sagdyn bolmadyk pikirlerini işdir durmuşda ulanyp amala aşyryp bilmedik ýagdaýynda depressiýa getirýän monotematiki (belli bir ýeke-täk mazmunly bolan) paranoidlerdir. Näsag, adatça, özüniň daş keşbine ünsüni agdyk bolüp, onuň göwnejaý gowy saklanylmagyny berjaý edýär. Şahsyň derejesiniň peselmegini, niredeliginden, näméleriň bolup geçýänliginden, aýyň-günüň näçeligini bilip şolardan baş çy-

karyp bilmesiniň kynlaşmasyny, huşunyň bozulmasyny aňladýan alamatlar bolmaýar.

Paranoidiň mazmunyna baglylykda daşyndan göräýmäge näsag şübheli, özüni diýseň geň-enaýy görnüşde düşnüksizden täsin ýa-da duşmançylykly ýaly alyp barýan görnüşlerde-de bolup biler. Paranoidiň görnüşi agdyklyk edýän tema arkaly kesgitlenilýär. Näsaglaryň çyna berimsiz samramany tutanýerlilik bilen görkezmäge özlerine ynam döredip, töweregindäkileriň duýgudaşlyk bildirilmegine mejbur edýän ýerlerem seýrek däl.

Yzarlanýan ýaly paranoid pikirler dörände näsag özüniň yzarlanýanlygyna göz ýetirip düşünmeginden daşary ol özüniň bolýan, ýaşaýan ýerlerini birsyhly çaltçaltdan üýtgedip, çalşyryp durýar-da, olaryň hut özlerem «duşmanlaryny» aňtap yzarlama girişýärler-de «yzarlanylýan yzarlaýjylara» öwrülýärler. Ketdeparazlyk paranoidi näsag özüniň zehinidir biliminiň üýtgeşik ýokarylygy, wajyp ylmy açyşlar edenligini ynandyryp bilýän näsaglar köplenç halatda, aýratyn dini sekta (topara) girýänleriň alypbaryjysy, baştutany hem bolýarlar. Erotomaniki (Klerambonyň sindromy) ýa-da söýgi yşgyndan haýrana gelme paranoid näsagyň kimdir birini, köplenç halatda durmuşda tutýan ornunyň ýokary şahsyny, ýokary başlyklyk wezipesindäkini, at-abraýy belli bolan meşhur adamyny, ýöne özüne nätanyş bolany söýýänligini hyýalyna getirmesi bilen baglanyşykly bolýar. Munda jynsy gatnaşyga bolan höwesiň güýçlenip, duýgy yşgy ýa-da ýakynlaşma küýseginiň artmagy bilen häsiýetlenýän şol hyýala getirme söýgüsi hem ruhy birleşmä ymtylma ýaly islegdirduýgulardan ybarat bolýar. Bu duýgy ýaşyryn saklanylyp, ýöne köplenç halatda paranoid girizilen şahs bilen durmuşa gönükdirilen dürli görnüşdäki synanyşyklaryň edilmegi bilen ýüze çykýar. Bu ýagdaý, köplenç halatda aýallarda duş gelýär. Gabanjaňlyk pikirleri (är-aýalyň paranoýal, Otellanyň sindromy) hemişe äriň ýa-da aýalyň biwepalyk edenligini paş edäýjek güwänamalaryň gözleginde bolnup, onuň özüni alyp barşyna gözegçilik edilme synanyşyklaryna gönükdirilýär.

Ipohondriki paranoid özündäki süňňi kemçilikleriniň barlygyna, beýni agzalarynyň işleýşiniň bozulmalaryny hyýalyna getirmesi bilen baglanyşykly bolýar. Näsaglar lukmanlara ýüzlenip, tutanýerlilik bilen kömek bermeklerini haýyş edýärler. Köplenç halatda aňtalyp yzarlanylma, gabanjaňlyk we ketdeparazlyk paranoidleri duşup, seýregräk ipohondriki we söýgi yşgyna düşüp «baş ýitirme» paranoidleri gabat gelýär.

Keseliň kliniki suratlanylyşynda dürli many-mazmundaky paranoid utgaşybam biler. Paranoid ulgamynyň çylşyrymlylygy dürli görnüşdäki derejelerde bolup biler. Köplenç halatda paranoidiň manysynyň beýan edilişi köpsözli, agdyk çintgenilen, geň-enaýy, täsin hem bolsa, oýlanyşyň hakyky bozulmalary welin ýüze çykarylmaýar. Özüňi heläkçilige salma, ynjyklykly gahar-gazap bilen topulyberme, ýykanýumranlyga ýüz uruberme howpy döräp, paranoidli başdangeçirmelere tankydy garaýyş bolmaýar.

Adamda paranoidli bozulmanyň başlanmagynyň öňüsyrasynda haýsydyr bir ýagdaýdyr waka şoňa itergi beriji bolup hyzmat edýär. Sindromyň ýiti başlanyp paranoidiň jikme-jiklendirilip ulgamlaşdyrylmasy häsiýetli bolýar. Näsaglaryň üçden iki böleginde bozulma alamatlary ömürlik saklanyp, galanlarynyň soňky döwründäki uzak wagtlap geçirilen gözegçiligiň maglumatlarynda olaryň sany az-owlak azalýanlygy ýa-da ýitip gidýänligi ýüze çykarylýar.

*Kesel kesgidi.* Kesgidiň goýulmagy üçin bozulma şu şertlere gabat gelmelidir:

1) Şizofreniýa häsiýetli bolmadyk paranoidiň bolmagy (paranoidiň mazmuny oňlanmakdan diýseň daşam bolsa, hakykatdan welin bolup biläýjek, ýerli medeniýetdäki göterilip bolunmajak düşünjeleri şöhlelendirmeýär.

2) Paranoid pikirleriň azyndan üç aýyň dowamynda aýrylman saklanylmagy.

3) Şizofreniýa üçin häsiýetli bolan negatiw alamatlaryň şahsyň özgermesiniň ýetmezçiligi kemisli ýagdaýyň bolmazlygy.

4) Tranzitor (göçme) epizodiki (her wagt döreýän) eşidiş galýusinasiýalardan gaýry durnukly gallýusinasiýalaryň hiç bir ýerde bolmazlygy.

5) Depressiw alamatlar, hatda depressiw epizodlar hem ýüze çykyp biler-de, ýöne şonda paranoid pikirler affektiw bozulmalar aýrylyp gidensoňlaram saklanyp galýar.

6) Beýniniň organiki bozulmasynyň ýa-da psihotrop serişdeleriň döreden bozulmalarynyň bolmazlygy.

*Tapawutlandyrylyş kesgidi.* Beýnide bölekleýin bozulmalaryň bolmazlygy dowamly bozulmalary beýniniň organiki bozulmalarynda gabat gelýän paranoid sindromlardan tapawutlandyrmany ýeňilleşdirýär.

Alsgeýmeriň keseliniň başky tapgyrlarynda samrama sindromlary (alamatlar toplumy) kognitiw kemçilikli ýetmezçiligiň alamatlaryny tapawutlandyrýar. Arakhorlykdan ezýet çekýän näsaglarda özüniň erkeklik güýjüniň, är-aýallyk işini amala aşyryp bilmek ukybynyň ýitirilmeginden jan agyrylylyga sataşýanlarda gabanjaňlyk paranoýal (durnukly paranoid alamatlar bilen geçýän ýagdaý) pikirlerem döreýär. Şular näsaglaryň anamnezinde (keseliň taryhynda) garaşly baknalygyň hem alkogoldan kesilmäniň, şeýle-de şahsynda has görnükli özgerişleriň geçenliginiň üsti açylýar. Käbir paranoid pikirleri, aýratynam ipohondrikileri depressiýanyň çäklerindäki paranoid sindromlaryndan tapawutlandyrmak çetin bolýar. Şöhratparazlyk pikirleri gipomaniakal ýagdaýlarda has ýygjam duş gelýär. Mundaky tapawutlanma, esasan, dowamly paranoid bozulmasynda affektiw epizodlaryň giňişleýin ýaýbaň görnüşde bolman, psihotiklerden soň ýa-da şolardan ýokary bolup agdyklyk etmeýändiklerinden ybaratdyr. Paranoid şizofreniýasynda müňkürligiň has geň hem täsin, diýseň samsyklaç görnüşde bolup, munda münkürlik dowamly bozulmalara gabat gelýän gallýusinasiýalar, pikirlenişiň adaty bozulmalary we şahsyň peselme alamatlary has giňişleýin hem aýdyň ýüze çykarylýar.

*Bejergisi*. Näsaglaryň neýroleptiki serişdeleri kabul etmekden ýüz öwürýänleri özleriniň başdangeçirmelerini özgerdip görkezme arkaly ýaşyrýandyklary, köplenç halatda psihiatr lukmanlara bolsa ynanmaýandyklary sebäpli, paranoid dowamly bozulmalaryň bejergisini geçirmek diýseň çetin bolýar. Hassahana ýatyrylmagy üçin görkezme bolup öz janyna kast etme howpunyň döremegi ýa-da edilýän hereketleriň köpçülik üçin hatarlylygy, durmuşa uýgunlaşyp bilmezlik gorkusynyň döremegi, keseliň anyklanylmagy üçin barlaglardan geçirmek ýaly sebäpler hyzmat edip biler. Näsag diňe zor bilen hassahana ýatyrylanynda neýroleptikleri ulanma arkaly onuň paranoid alamatlar bilen geçýän ýagdaýyny birneme gowulandyryp bolýar. Ýöne öýe goýberilende welin hossarlary gözegçilikde dermanlary içmäge mejbur etmeseler, näsag meýletin derman içmeden boýun gaçyrýar. Şol sebäplem neýroleptikleriň uzak täsir edýänleriniň ulanylmagy maksada laýykdyr. Psihoterapiýanyň geçirilmeginde bolsa has oňaýlysy hem täsirlisi toparlaýyn berilýän psihoterapiýa däl-de, diňe şol näsagyň özi bilen ýekelikde özüne mahsus geçirilýänidir.

Näsag bilen doly ynama girişip düşünmek üçin lukman näsagyň paranoid başdan geçirmelerini tankyt etmeli däl, ýöne onuň bilen ylalaşybermeli hem däl. Şu ýerde lukman üçin esasy zat onuň barrikadanyň (goranma desgasynyň) aňry tarapyna geçip, näsagyň paranoidinde şöhlelendirýän «duşmanlarynyň» arasynda bolmazlygydyr. Psihososial taýdan çemeleşmelere belli bir derejede näsaglaryň durmuş şertlerindäki hereketleriniňdir edim-gylymlarynyň dogrulanylyp düzedilmegine welin ýardam edýändir.

**Gaýry dowamly paranoid bozulmalar.** Bu topara dowamly gallýusinasiýalar bilen ugurdaş gidýän dowamly paranoid bozulmalar girýär. Bu esasan, durmuş gatnaşyklarynda ýüze çykýan («kiçi gerimli paranoid») inwolýusion paranoid üçin mahsusdyr. Bu ýagdaý 45-50 ýaşdan geçenlerde, köplenç halatda aýallarda döregen bolýar. Paranoid paranoýal häsiýetli bolup, ýaýbaňlanma hem çylşyrymlaşma bolan ýykgynlygy görkezmeýär. Näsaglar töweregindäki adamlaryň bulara maddy zyýan ýetirip (zatlaryny haraplap, ogurlaýandyklaryna, goh-galmagallary hem porsy yslary bilen ýüreklerine düşýändiklerine, bularyň ýoguna ýanyp dynma niýetdediklerine, ölüm pursadyny tizleşdirýändiklerine) şikaýat edýärler. Şeýle ýagdaýlara has hem mahsus bolan alamatlar şolaryň goňşularynyň ýa-da başga bir kişileriň birugsat jaýlaryna girip öý goşlaryny, mebellerini döwüşdirip haraplaýandyklaryny, azyklaryny ogurlaýandyklary, iýmitlerine awy gatýandyklary we ş.m. baradaky şikaýatlary etmekleridir.

Adatça, şeýle näsaglar şol «kezzap näkeslerden» goranmak üçin goşmaça gulplary goýdurma, azyklaryny gizlin ýerlerde bukup goýma ýaly çäreleri görýärler: jaýyny häli-şindi şemalladyp «gazdan» zäherlenäýme ätiýaçlygyny edýänligi üçin arassalap durýarlar, öz pikirleriçe «zäher çalnan» ýa-da «ýokanç kesel çagyryjy mikrobly» zatlary ellemezlige çalyşýarlar. Olaryň käbiriniň aýdýan zatlary hakyka-

ta laýyk ýaly bolup görünýär-de, töwerekdäkileri ýalňyşdyrýar. Paranoidde howaýy rowaýatlylykdyr gizlin syrlylyk, täsinlik bolman, ol takyk görnüşlerde aýdylýar. Paranoid başdan geçirmeler bilen bilelikde paranoid pikirleri bilen baglanyşykly bolan illýuziýalar, gallýusinasiýalaram bolup biler. Meselem, näsaglar «gazyň» ysyny alýarlar, gapdalyndaky adamyň edýän gürrüňlerinde özleriniň mertebesini depeleýän, göwünlerine degýän ýokuş sözleri eşidýärler, endamynda aňtalyp yzarlanmanyň, zyýan ýetirilmäniň netijesinde döreýän agyrylardyr gaýry näsazlyklary, gowuşgynsyzlygy, sagdyn dälligi duýýarlar.

Inwolýusion paranoidiň netijesi (prognoz) oňaýsyz, ýaramaz bolýar. Psihopatologiki alamatlaryň ýüze çykyşynyň üýtgäp durşuna hem durnuklylygyna beýni damarlaryndaky aterosklerozyň döredýän özgerişleri hem ýardam edýär. Wagtyň geçmegi bilen howsala düşme we paranoid alamatlary üýtgewsiz birmeňzeş häsiýete eýe bolýar. Näsaglar birmeňzeş äheňde hem mazmunda özleriniň şikaýatlary, howsalaly we paranoid howatyrlanmalary barada janygyp aýdýarlar. Wagtyň geçmegi bilen başdan geçirilýän derdiň ýitiligi şu çaka çenli näsagyň durmuşynda esasy orny tutýanlygy peselip öçügsilenýänem bolsa, adatça, doly sagalma welin ýetilmeýär. Näsagyň şahsynda özboluşly özgermeler: gyzyklanmalarynyň çygyrynyň daralmasy, hereketleriniň haýallaşyp öçügsilenmesi, ynanmazlygyň, şübhelenmeleriň döremegi bolup geçýär.

**Ýiti we tranzitor (geçýän) psihotiki bozulmalar.** *Etiologiýasy we patogenezi.* Göçme ýiti psihotiki bozulmalar stres bilen baglanyşykly bolup biler. Meselem, näsag üçin uçursyz ähmiýetli bolan ýitginiň, zorlamak ýaly ýagdaýyň başdan geçirilmegi, türmä düşmek, psihiki agyry salynmak, uly dartgynlyga düşmek, meselem, nämedir bir zada uzak wagtlap sabyrsyzlyk bilen garaşmak, ýadadyp usurgadyjy derejä ýetirýän ýolagçylyk ýaly zatlar şoňa getirip biler. Şeýle manyda ýiti hem uzaga çekip geçýän reaktiw psihozlaram şu topara girizilse bolar. Ýöne olar içki sebäplere görä, içki başdan geçirmeler bilen başlanyp biler. Şunuň ýaly ýagdaýda şeýle kesgit ilkinji başlangyjy hökmünde şizofreniýanyň manifest ýüze çykyşynyň başlangyç görnüşi ýa-da şizoaffektiw bozulmalaryň ilkinji tutgaýy hökmündäkisi ýaly bolýar. Şeýle kesgidiň goýulmagy bozulmalaryň dowamlylygy üç aýdan aňry geçmäninde ýerlikli bolýar.

*Klinikasy.* Howsala düşme, howatyrlanmalar, ynjyksyzlanma, ukusyzlyk we aljyraňňylyk bilen geçýän gysga möhletli başlangyç döwründen soň duýgurlykly güýçli paranoid döräp, onuň düzümi tiz-tizden özgerip durýar. Güýçli psihoz biriki hepde dowam edýär. Garaýyşlardyr gatnaşyk, ähmiýetli, yzarlaýjy, pirimler guralmaly, çalşylyp nädogry görmeler we taýyny görme (Kapgra alamatlary) paranoid, daş-töweregindäki zatlary howaýy rowaýatlandyrylyşyň, alamatlandyrylyşyň esasynda geçirlip, wakalaryň jümmüşinde näsagyň özi bolýar. Haýwanlary, ösümlikleri, janly däl zatlary ruhlandyryp janlandyrmak, täsir ýetiriji paranoid pikirleriň aýry-aýry goşulmalarynyň girizilmegi bilen bolup geçýän başdan geçirmeler

ýygjam duş gelýär. Gallýusinator, eşidiş, hakyky we ýalan gallýusinasiýalar durnuksyz bolup, tiz-tizden biri-birlerini çalşyrýarlar. Amneziýa (huşuň ýitirilmegi) bolmasa-da, näsag başdan geçiren zatlaryny hakyda getirip, birbada aýdyp bilmän, şolary ýuwaş-ýuwaşdan ýadyna salýar. Bagtlylyk, gorky, geň galma, aljyraňňylyk, aňk-taňk bolmak, düşünmezlik affektlerem ýüze çykyp biler. Başdan geçirmeleriň «düýş görnüşliligini» duýmagam doräp biler.

Psihozlaryň şu topara girýänleri kesgit goýlanda psihozyň stres bilen baglanyşyklylygy ýa-da baglanyşykly däldigi görkezilmelidir.

Ozallar stres bilen baglanyşykly bolan güýçli tranzitor psihozlar reaktiwli ýaly edilip bellige alynýardy. Stres diýlip psihoz döremezinden iki hepderäk öň bolup geçen faktora aýdylýar.

Şeýle-de bolsa, degişli bolan stresiň baglanyşygynyň kliniki bahalandyrylan ölçegleri möhümdir: kliniki suratlandyrylyşda stres döredýän ýagdaýyň ýaňy, meselem, hakyky yzarlanylmadan soňky yzarlanma we şunuň ýaly stresiň täsir etmesi ýatyrlansoň ýuwaş-ýuwaşdan peselip ýitmegi, stres hökmünde ajy aýralyk, talak berilme, ykdysady taýdan dargadylyp tozma uçramak, jemgyýetde at-abraýyny ýitirmek, gopan ýitgili harasat barada ajy habary almak ýa-da şol harasaty öz başyňdan geçirip, hut öz gözüň bilen görmek ýaly zatlar hyzmat edip biler.

*Kesgitlenilişi.* Eger-de ýagday ýiti görnüşde güýçli başlanma bilen döräp (keseliň ilkinji alamatlarynyň peýda bolmagy bilen alamatlaryň aýdyň bildirilişiniň ýüze çykmagynyň aralygyndaky döwür iki hepdeden azrak wagt dowam edýär) paranoidler, gallýusinasiýalar, sözleýişiň üzlem-saplamlygy ýaly alamatlaryň utgaşdyrylmasynda bolup geçeninde kesgit goýulsa bolar. Keseliň suratlanylyşy tutuşlygyna hiç haçan beýniniň organiki bozulmalaryna, affektiw psihozlara ýa-da psihoaktiw maddalaryň ulanylmagyndan döreýänleriniň bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelmeýär.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Muny şizofreniýanyň manifestasiýasyndan, şizoaffektiw ýagdaý, psihoaktiw maddalara garaşlylykdaky psihotiki bozulmalardan, şizofreniýa meňzeş organiki bozulmalardan tapawutlandyrmaly.

Şu psihoz şizofreniýanyň we şizoaffektiw bozulmadan diňe soňraky dinamiki gözegçiligiň geçirilmegi tapawutlandyryp biler, çünki tranzitor psihoz diňe epizod hökmünde bolup geçýär. Psihoaktiw maddalara garaşly psihozlar, adatça, aňyň özgermesi (köplenç halatda aňyň delirioz bozulmasy) bilen geçýär. Psihozda görüş gallýusionasiýalary agdyklyk edýär. Psihoz psihoaktiw maddalaryň kabul edilmesi bes edilensoň döreýär, alkogolyň çendenaşa köp içilmeginde bolsa, ol köplenç halatda agşamaralar we gijelerine ýüze çykyp bildirýär. Intoksikasion (zäherlenme) anamneziň üstüniň açylmagam başardýar. Şizofreniýa çalymdaş organiki bozulmalar, ekzogen alamatlarynam özüne alýar (amnestiki – huşuň peselmegi, aň-huşuň bozulmalary, asteniki-gowşaklyk), beýniniň organiki zeperlenmeleri goşmaça usul-

lary ulanma arkaly geçirilýän barlaglaryň üsti bilen takyklanylýar (kompýuter, beýniniň emission tomografiýasy).

*Bejergisi.* Bejergide dezintoksikasion terapiýanyň geçirilmegi zerurdyr. Neýroleptikleriň aramlyk, kähalatlarda bolsa iň ýokary möçberleri ulanylmalydyr. Keseliň gaýtalanma howpunyň ýokarylygy sebäpli, näsag hassahanadan çykarylanyndan soň birnäçe wagtlap (bir-iki aýyň dowamynda) adatça, agşamlaryna neýroleptikleriň goldaýjy mukdaryny kabul etmelidir.

**Indusirlenen paranoid bozulmalary.** *Etiologiýasy we patogenezi.* Muny ilkinjiler bolup 1977-nji ýylda fransuz psihiatrlary Lasegue we Falret dagy «Folie a deuks» diýen at bilan ýazyp beýan edipdirler. Köplenç halatda ol, adatça, bir maşgalada bile ýaşap, içginden ýakyn baglanyşygynda bolan adamlar biri-biriniň birmeňzeş paranoidi başdan geçirmeleriniň yzygiderlilikde güýçlenmegine ýardam edýän iki, üç şahs gatnaşýar. Şonda paranoidli pikirlerden ezýet çekýän adam ýüregedüşgünç ilgeziklik bilen özündäki sagdyn bolmadyk keselbentlikli pikirlerinidir nukdaýnazarlaryny mejbur edip diýen ýaly beýleki şahsa geçirip «dakýar». Şeýle ýagdaý, adatça, ýakyndan içgin aragatnaşyk saklanylanda ynanmaklykdan bolýar. Şonda paranoid pikirlerini has erjel ýöredýän adam (induktor) arkalaşyk edýän ýoldaşyndan, ýagny indusirlenen paranoidden ekabyrly bolup, ýokary orny eýeleýär-de, oňa öz diýenini etdirýär. Çagalary we ýetginjekleri, akyly pesräk adamlary, aýallary, aýratyn-da ýaşy birçene baran, dölden galma döwrüne ýetiberen aýallary indusirlemek aňsat bolýar. Şoňa ýykgyn etdirýän ýagdaýlar paranoidiň indusirleýän adamyň psihiki we gaýry taraplardan garaşly bolmagy näsagyň adamlardan çetleşdirilip ýekemene öwrülmegi ýaly zatlardan ybaratdyr. Beýlekiden alnan paranoid ulgamy indusirlenen şahs üçin, adatça, hakykata has ýakyn bolup, onuň üçin çynaberimsize öwrülýär. Käbir hunärmenleriň pikiriçe şeýle fenomeniň (ýagdaýyň) esasynda «toparlaýyn ýeldirgeme» (dini sektasynyň fanatigi – bir zada durky bilen berilmeklik) ýatandyr.

*Klinikasy.* Paranoid pikirleriň goşalaýyn we toparlaýyn indusirlenilmesi zäherlenme, aňtalyp yzarlanma, ipohondriki hem dini pikirleri bilen baglanyşykly bolýar. Şonda psihotiki ýagdaýdaky paranoid pikirleri hem gallýusinasiýalary başdan geçirilýän induktor mukaddes dini keşbiň asmandan inmeginiň «gözli şaýady» bolup ýa-da özüniň aňtalyp yzarlanýanlygyny ynam bilen aýdyp biler. Resipiýent (indusirlenilýän) şol keşbiň suratyny jikme-jik gaýtalap göz öňüne getirmeli ýagdaýda suratlandyryp dikeldýär, kähalatlarda bolsa durky bozulan şahslar özleriniň toslama howaýy rowaýatlandyrmasy bilen onun üstüni ýetirýärler. Şonda induktoryň özüni alyp barşy, sesi, endikleri edil özüniňki ýaly edilip gaýtalanylýar. Şeýle meňzeşlik kimiň induktorlygyny, kimiň bolsa indusirlenilýänligini kesgitläp çözmäge bolan mümkinçilige päsgel berýär. Onuň ýeke-täk usuly induktor bilen indusirlenilýäniň arasyny açyp, şolary biri-birinden daşlaşdyryp bilmekden ybaratdyr. Eger-de şeýle bolünmeden indisirlenilýäniň psihopatologiki önümi dikel-

dilýän bolsa, onda induktorynyňky güýçlenibem biler, çünki ol özüni «synaglara gurban eden» adam saýýar. Köplenç halatda indusirlenilýän başdan geçirmeleriň arasynda «göz degmek», «şikes almak», «jadylanma», «başga dünýälerden gelip dökülen gelmişekleriň çozmagy», «ahyrzamanyň gopmagy», «ýaman göz bilen garamak» ýalylary duş gelip, şolaryň epidemiki derejä ýetirilmelerem islendik medeniýetde bolýar, indusirleme hem howaýy rowaýatlandyrma arkaly hemaýat berlip goldanylýar. Adatça, induktor dominant (üstün çykan, agalyk edýän) sahslar bolup, indusirlenilýänler bolsa golastyna salnyp, tabyn edilen, ynandyrmasy aňsat, garaşly şahslar bolýarlar.

*Kesel kesgidi.* Kesgit goýulmasy şeýle bahalandyrylyş ölçegleri arkaly esaslandyrylmalydyr:

1) Dominant şahsyň paranoidi, köplenç halatda şizofreniki bolýar, indusirlenilýäniňki bolsa, adatça şolary biri-birinden aýryşdyrsaň, aýrylyp ýitip gidýär; 2) bir-iki ýa-da köpräk şahslar paranoidi we paranoid ulgamyny goldap, şol pikirdir düşünjä bolan ynamda biri-birlerine hemaýat berýärler; 3) induktor bilen indusirlenýäniň arasynda içgin aragatnaşyklar bolýar (maşgala, hojalyk, mellek, dini baglanyşyklar); 4) indusirlenen gallýusinasiýalaryň bolmagy ähtimaldyr.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Indusirlenen bozulmalary özüni alyp barşy boýunça adaty psihologiki induksiýadan tapawutlandyrylmalydyr. Induktor ýönekeý bir duýgur şahs bolup, şindi beýlekileriň duýup alyp bilmeýän gazyň ysyny ilkinji bolup syzýar. Şol maglumat resepiýentleri (kabul edijileri) indusirleýär-de, ýöne ol ýagdaý iş ýüzünde tassyklanylmaly. Bu aňtalyp yzarlanylma pikirlerine-de, reformatorçylyga-da (özgerişleriň girizilmegine-de) degişlidir. Has kynçylykly çylşyrymlylygy dini induksiýa döredýär. «Obýekti» (hakyky) oýlanylsa diýilýän zat bu ýerde diňe görnetin samsyklaç zadyň aýdylyp, gürrüňi edilýän şol dine häsiýetli bolan takyk däp-dessurlaryň mazmuny girizilmedik bolanynda kabul edilip bilner.

*Bejergisi.* Induktor bilen indusirlenilýäniň aralaryny biri-birinden açyp bölüşdirmek, soňra olara degişlilikdäki çemeleşmäniň dürli-dürli bolmagyna getirýär. Induktor paranoid näsag hökmünde neýroleptikleriň, trankwilizatorlaryň terapewtiki mukdarlary ulanylma arkaly bejergisi geçirilmelidir. Indusirlenilen bolsa dominant (özünden ekabyr) şahsdan dyndarlansoň, özünden ýüz öwrülip taşlanan, ýalňyzlykda galdyrylan ýaly bolup ýetimsireýär-de, özünde dörän ruhy boşlugy duýýar. Bu ýagdaý başda neýroleptikleriň we antidepressantlaryň az mukdarynyň berilmegini talap edip, soňra bolsa olara uzaga çekýän psihoterapiýany we dikeldiliş bejergisini geçirmeli bolýar.

**Şizoaffektiw bozulmalar.** *Etiologiýasy we patogenezi.* Şizoaffektiw bozulmalara getirýän sebäpler häli-häzirlikçe näbelli. Bu barada her wagt şeýle çaklamalar getirilipdi: şizoaffektiw bozulmalar şizofreniýanyň görnüşleriniň biri, MDP-iň bir görnüşi, seýle-de aýratyn görnüşli keselem bolup biler: näsaglaryň käbirisi

şizofreniýaly we MDP-li bolup biler. Şeýle-de, käbirleri şizofreniýaly, käbirleri MDP-li aýratyn nozologiki geterogen topary görkezip biler.

Häzirki wagtda şizoaffektiw bozulmalara bir tarapdan şizofreniýa, beýleki bir tarapdan bolsa MDP-e bilen ikitaraplaýyn genetiki agyrlaşdyrylmanyň netijesinde döreýän kesel hokmünde garalýar. Ýöne şeýle bolsa-da şol bozulmalaryň genetiki özboluşlylygy baradaky görkezmeleri bolup, olaryň pikniki konstitusional polýusa ýykgyn edýänligi hem bellenilýär. Döwürleýinlik ýagdaýy şu bozulmalary garaguşagyry keseline ýakynlaşdyrýanlygy EEG-iň berýän maglumatlary bilenem tassyklanylýar; käbir näsaglaryň sag tarapky (dominant bolmadyk) çekge we diensefal bölümlerinde hereketlenmaniň paroksizmal güýçlenmesi ýüze çykýar.

*Epidemiologiýasy.* Jynsy babatda tapawutlanmazdan ilatyň arasynda keselleýänleriň sany 0,5-0,8%-iň sebitlerinde saklanýar. Kesgide çemeleşilmesiniň nazary taýdan şertlendirilenliginiň esasynda, şeýle-de klinikadaky lukmanlaryň öňünden getirilip goýulmasynyň peýdalanma ýykgyn etmekleri bilen baglanyşykda şu maglumatlar çen edilmedir.

*Klinikasy.* Hakykatda islendik şizofren hem-de affektiw çygryndaky alamatlar öňe sürlüp bilner. Şunda affektiw bozulmalar şizofreniýanyň önjeýli alamatlaryna garanyňda has kyn saklanylyp, uzak dowam edip geçýär. Tutgaýlar köp görnüşliligi bilen tapawutlanýar. Tutgaýlaryň düzümi depressiw-paranoid we maniakal-paranoid görnüşlerinde suratlandyrylmalar arkaly tapawutlandyrylyp bilner.

Depressiw-paranoid tutgaýlary, adatça, keýpiň çaglanmagy bilen başlanyp, soňra şoňa öz-özüni günäkärleme, zäherlenme, AIDS keseliň ýokuşdyrylmasy, howply çiş bilen ýa-da gaýry bir bejerip bolmaýan agyr kesel bilen keselleme paranoid pikirleri goşulýar. Tutgaýlaryň has güýçlenen pursatlary «dowzahyň düýbüne zyňlan» ýaly depressiw stuporyň (duýmazlykly hereketsizlik-doňup galmak) döremegi ýa-da oneýroid depressiýasyna batylmagam ähtimaldyr. Şizofreniýa häsiýetli bolan birinji derejeli alamatlaryň, meselem, kelläniň içindäki daşa çykarylmadyk, entek hiç bir kese aýan edilmedik pikirleriň aç-açan aýan bolmagy, imperatiw (buýrujy) gallýusinasiýalaryň goşulmagam ähtimaldyr. Umumy dargadylma we çüýredilme (Kotaryň paranoid, nigilistiki sindrom), baky günäliligiň (Agasferiň sindromy) we ipohondriki paranoid depressiýa bilen soňlanyp, gutaryp biler.

Maniakal – paranoid tutgaýlar ekspansiw ýa-da maniakal affektlerde başlanyp, ukynyň dowamlylygynyň azalmagyna we çalam-çaş bolup tükeniksiz şatlanma, heýjana getirilip, ol hem ketdeparazlyk pikirleri (ekspansiw parafreniýasy) gipnotiki, psihoenergetiki ýa-da apparat täsirine, özüni alyp barşyna, edim-gylymlaryna, duýgularyna, meýildir-isleglerine täsir edilip pikirleriniň döremegi bilen geçýär. Psihozyň güýçlenip ýokary derejä ýeten pursadynda kosmiki many-mazmunly, jadylaýjy paranoid ýaly oneýroid goşulmalary we wagtyň geçişiniň özgermegi ýaly alamatlaram ýüze çykyp biler. Psihozdan gowulaşmaklyk gipomaniýanyň döremegi bilenem geçip biler.

Garyşyk görnüşli ýagdaýlarda gipomaniakal we maniakal ýagdaýlardan ambiwalentlikli (maniheý) paranoid döräp, onuňam mazmunyna ýagşy bilen ýamanyň barlyşyksyz göreşi goşulyp, şoňa mahsus bolan gapma-garşylykly, biri-biriniň ýoguna ýanýan häsiýetli eşidiş gallýusinasiýalaram bolýar. Şeýle-de, garyşyk görnüşlisindäki ýagdaýlar depressiw-paranoid we maniakal-paranoid bozulmalarynyň bagt-gorky psihoza çalymdaş görnüşinde çalyşma häsiýetli bolýar.

Psihozyň geçişi birnäçe hepdeden birnäçe ýyla çekip, uzak dowam edip biler. Tutgaýlaryň gaýtalanýan wagtlary seýrek däl. Käbir näsaglarda tutgaýlaryň her biri ekzogen ýa-da psihogen faktorlar arkaly döredilýär. Umumy tutgaýlar ýiti affekt, duýgurlykly güýçli paranoid bilen häsiýetlenip, seýregräk katatoniki alamatlar bilen geçýär. Remissiýalary (gowulaşmalary) ýokary hillilik bilen tapawutlanýar. Ilkinji tutgaýlardan soň näsagyň şahsynda özgermeleriň bolmazlygy aram-aram gowulaşmalaryň bolup geçýänligini bellemäge mümkinçilik berýär. Ýöne her niçigem bolsa tutgaýlaryň gaýtalanyp durmasynyň esasynda ýuwaş-ýuwaşdan şahsyň özgermesi döräp, ol asteniýa ýa-da gipersteniýa, işewürligiň ýokarlanmagy, ýöne şol bir wagtda-da döredijilik ukybynyň peselmesi we emosional ýagdaýlaryň ýüze çykarylyşynyň öçügsilenmesi bilen geçýär. Adatça, şeýle özgerişler üçünji-dördünji tutgaýlar bolup geçeninden soň döreýär. Soňra hadysanyň geçişiniň işjeňligi peselýär: tutgaýlar barha seýrekleşip, şahsyň özgermesi şol ýeten ýerinde saklanyp, doňup galan ýaly bolýar. Näsaglarda başyndan geçiren psihotiki ýagdaýyna tankydy garaýyş bolup, olar saglyk we näsaglyk ýagdaýlaryň arasyny takyk tapawutlandyryp bilýärler. Keseliň aýaklap gutaryşy ýeterlik derejede oňaýly, amatly bolsa-da, ýöne şeýle näsaglarda görnetin ýüze çykyp bildirýän depressiýanyň esasynda öz janlaryna kast etmä synanyşmalaryň seýrek ýagdaý däldigi göz öňünde tutulmalydyr. Seýle ýagdaýlarda ýörite gözegçiligiň gurnalmagy zerurdyr. Güýçli tutgaýlar döräninde psihotiki alamatlaryň has äşgär ýüze çykýanlygy hasaba alnyp, ýiti şizoaffektiw psihozlaryň bejergisi hassahanada geçirilmelidir.

*Kesel kesgidi.* Kesgidiň goýulmagy üçin näsagyň saglyk ýagdaýy bahalandyrylyşynyň şu ölçeglerine gabat gelmelidir:

• Affektiw we şizofreniki alamatlar bilen utgaşyp geçýän tutgaýa çalymdaş bozulmalar keseliň tutuşlaýyn geçiş döwründe ýa-da bolmanynda şol epizodyň birnäçe günüň dowamynda bolmagydyr;

• Olaryň gatnaşykly baglanyşygy adaty ýa-da şizofreniki bozulmalaryň barlygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermeýär;

• Diňe şizofrenik ýa-da affektiw alamatlaryň bir wagtda şizoaffektiwler bilen bile bolmagynda tutgaýlaryň peýda bolmagy şizoaffektiw bozulmanyň kesgidiniň goýulmagyna ýol bermeýär;

• Beýniniň organiki zeperlenmesi we psihoaktiw maddalaryň ulanylmagyndan döreýän topara girizilýän patologiýanyň bolmazlygy anyk aýdylýar;

• Şizoaffektiw bozulmalar bilen kesellän näsaglar, adatça keselden doly gutulýarlar, defektlilik ýagdaýy seýrek döreýär.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Keseli şizofreniýadan we ondan soň dörän depressiýadan hem-de organiki şizofreniýa çalymdaş ýagdaýlardan tapawutlandyrmalydyr. Şizofreniýa önjeýli we negatiw bozulmalaryň utgaşmasy häsiýetli bolup, soňkular, adatça, şizoaktiw bozulmalarda duş gelmeýär. Şizofreniýada özgerdilen affektiň dowamlylygy önjeýli bozulmalara garanyňda az bolýar ýa-da başgaça aýdylanda, şeýle görnüşdäki affektiw ýagdaýlar psihozyň beterlemesi ýokary derejä ýeteninde ýüze çykýar. Postşizofrenik depressiýada onuň klinikasy adaty däl-de, düýbünden üýtgeşik atipiki bolup, anamnezde adaty şizofreniki psihoz bellige alynýar. Organik ýagdaýlary parakliniki, newrologiki we neýropsihologiki barlaglaryň esasynda tapawutlandyryp bolar.

*Bejergisi.* Timoleptikler bilen bejergi geçirilmegi birinji nobatda ulanylyp, neýroleptikler bolsa uzak wagtyň dowamynda olar täsir etmedik ýagdaýynda ulanylýar. Bipolýar görnüşli bolanda litiý, karbamazepin ýa-da şolaryň utgaşdyrylanlary ulanylýar. Depressiýada trisikliki antidepressantlaryň, MAO we EST ingibitorlaryň ulanylmagy maslahat berilýär.

## 21-nji bap. **Affektiw bozulmalar**

Affektiw ady bilen bellenilýän keselleriň kliniki suratlandyrylyşy gadymyýetden bäri mälimdir. «Melanholiýa» (aşa güýçli sustupeslik) we «maniýa» (joşguna gelinmekli göçgünlilik) adalgalaryndan baryp-ha täze eýýamdan ozalky 450-nji ýyllarda Gippokrat hem peýdalanypdyr. Affektiw bozulmalar baradaky häzirkizaman düşünjesi maniakal-depressiw psihozynyň (MDP-yň) nesil yzarlaýşynyň alamatlarynyň we geçişiniň birmeňzeşliginiň esasynda konsepsiýany öňe süren Krepelinden başlanýar (1896). Leongard (1957) genetiki tapawutlanmalaryň esasynda maniakal we depressiw epizodlaryň barlygy bilen häsiýetlenýän MDP-niň bipolýar görnüşlisini diňe depressiýalar bilen geçýän monopolýar görnüşlisinden tapawutlandyrylmalydygyny teklip edipdi.

Affektiw bozulmalaryň geçişi boýunça görnüşleriniň bölünmegine biologiki baglanyşykdaky ýykgynlygyň daşarky goldaýjy ýagdaýlara az bagly bolan has agyr psihotiki alamatlary bilen häsiýetlendirlip ýüze çykarylýanlary (endogen, endomorf, psihotiki, ilkinjileri) döredilip, psihososial stresler arkaly bolsa has oňaýly, psihotiki däl görnüşde geçýänleri (ekzogenleri, reaktiwleri, newrotikleri, ikinjileri) döredilýär.

*Epidemiologiýasy.* Bipolýar bozulmalar bilen keselleýänleriň sany 0,6-0,9%-e barabar bolup, erkekler bilen aýallaryň kesellemesiniň tapawutlanylyşy 1:1,2-ä deň

bolýar. Ykdysady taýdan gowy ýaşaýan gatlakdaky adamlaryň kesellemesiniň has ýokarylygy baradaky maglumatlaram bar. Monopolýar depressiýa bilen keselleme ýokary bolup, aýallarda 5-9%-e, erkeklerde bolsa 2-4%-e barabar bolup, erkekler bilen aýallaryň keselleýşiniň tapawudy 2-ä deň bolýar. Seýle tapawutlylyk dünýäniň ähli ýurtlarynda-da saklanylýar.

Bozulmanyň bipolýar görnüşi bilen ýüz tutýanlaryň aglabasy diňe monopolýar bozulma sebäpli lukmançylyk kömegine mätäç bolup, şol maksat bilen ýüzlenenlerinde lukmanyň gözüne ilýärler (20-25%). Monopolýar depressiw görnüşi bilen keselleýänleriň ortaça ýaşy 35-40 aralygynda bolup, gijräk başlanýanlary, adatça, affektiw psihozlarda özüni ýitirip, jemgyýetde orun tapmazlyga, arakhorluga nesil yzarlaýjy ýykgynlygyň bolmazlygy bilen utgaşdyrylýar. Bipolýar bozulmalar biraz irräk başlanyp, şonuň iň ýokary derejeliligi 25-30 ýaşlara düşýär. Monopolýar bozulmalaryň arasynda hossarsyz galan ýalňyzlaryň we nikany bozup aýrylyşanlaryň sany agdyklyk edýär.

*Etiologiýasy we patogenezi.* Affektiw bozulmalaryň etiologiýasyny doly suratlandyrýan maglumatlar ýok. Ýöne geçirilen aýry-aýry ylmy barlaglar şonuň patogenetiki mehanizmleriniň käbir düşündirişlerini almaga mümkinçilik berýär.

Affektiw bozulmalar nesil yzarlaýjylyga ýykgynlygyň barlygy bilen baglanyşyklydyr. Şonuň genetiki baglanyşygy näsaglarda rekkurent (gaýtalanýan) görnüşlerinden, aýratynam bipolýar bozulmalardan başlanyp, birinde ol hasam äşgär ýüze çykýar-da, reaktiw we newrotiki depressiýalara çenli ýetirilýär. Käbir maşgalalarda bipolýar bozulmasy bilen baglanyşykly bolan spesifiki genine meňzeşiniň 11-nji hromosomanyň gysga bölüminde-de üsti açyldy. Şonuň beýleki maşgalalarda bolmazlygy bipolýar psihozyň keselleriň geterogen toparyna girýänligini çak etmäge mümkinçilik berýär.

Affektiw bozulmalaryň patofiziologiýasynyň has gowy öwrenilen bölümi neýrotransmitterleriň işjeňligidir (norepinefriniň, dopaminiň we serotoniniň). El-ýüzünde bar bolup ulanylýan antidepressiw serişdeler monoaminleriň ýa-da serotonin reseptorlarynyň gaýtadan gapjalmagyny togtatma ýa-da şolaryň MAO bilen turşadylmasynyň öňüniň alynmagy arkaly postsinaptiki noradrenalin we serotonin reseptorlara ýetirilýän täsiri güýçlendirip β adrenoreseptorlaryň we serotonin reseptorlarynyň käbirisiniň ugrukdyryjylykly görnüşde sanlarynyň azaldylmagyna getirýär. Şol ýagdaýlaryň döredilmegi tejribe barlaglaryň maglumatlary bilenem bap gelip, näsaglara antidepressiw kliniki täsiriniň peýda bolmagy bilen ýüze çykarlyp, şolam monoaminleriň çalşygynyň bozulmasyny depressiw sindromynyň peýda bolmagy bilen baglanyşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Gipotalamus bölüminde depressiw tutgaýlarynyň döremegini deksametazon testi görkezýär (ganda kortizonyň möçberiniň derejesini ugrukdyrýan deksametazon-ekzogen steroid). Test nozospesifiki bolman, ýöne kortizonyň bölünilip çykarylmasynyň ýokarlananlygyna we gipotalamiki pituitrin – adrenal neýroendok-

rin işiň ýokarlanmagyna welin güwänamalyk edýär. Test, takmynan, depressiýaly näsaglaryň ýarysynda gowy netijeleri görkezip, şonuň açyp görkezýän maglumatlaram keseliň agyrlygy bilen baglanyşykly bolýar.

Depressiýanyň biologiki görkezijileriniň has ynamdarlarynyň biri ukynyň bozulmagydyr. Somnografiýa geçirilende näsaglaryň üçden ikisinde gysga möhletli uky tapgyrynyň tiz döremegi bolýar. Onuň dowamlylygynyň uzalmagy bellenilýär. Şu görkezijiler depressiýada bedeniň bioritmleriniň azda-kände disinhronizasiýalaşdyrylmasynyň barlygyny esaslandyrýar. Depressiýa ukynyň depriwasiýalaşdyrylmagynyň oňaýly täsir etmegem şu nukdaýnazary tassyklaýar.

Affektiw bozulmalaryň mehanizminiň psihososial babatdan düşündirilmegine gönükdirilen synanyşmalar köp sanlydyr. Meselem, Abraham (1911) we Freýd (1917) depressiýa bolan çydamsyzlyk enesiniň çagasyna ýeterlik üns bermän ýa-da has eljiredilip seredilmäniň netijesinde, degnasyna çydarlyksyz urgy salynýan çagalaryň bäbejikliginde şol ýagdaýa şert döredilýär. Töwerekdäkiler bilen emosional ähmiýetli aragatnaşyklardan çagada şoňa agdyk baknalykly garaşlylyk duýgusy döräp, barýarka-da özüne peýdaly bolan şol gowy garalyşdan dyndarylyp ýitiriläýmeginden howatyrlanyp, ol hemişe gorkuda bolýar. Ejesi bilen bozulan aragatnaşygyň netijesinde dörän disforiki (keýpiň bozulmasy) reaksiýa özüne baha berlişiniň kemsidilmegi bilen utgaşyp, çaganyň beýnisinde bek ornaşýar-da, geljekdäki durmuşda haýsydyr bir oňaýsyz ýagdaýlar dörände gaýtalanyp, emosional ähmiýetli şahsyň ýitirilme gorkusyny döredýär.

11 ýaşdan ozal ata-enäniň haýsynyňam bolsa biriniň ýitirilmegi soňraky durmuşda depressiw epizodynyň döredilme ähtimallygynyň ýokarlanmagyna getirýän ýagdaýlaryň biridir. Depressiýanyň döremegi bilen ýanýoldaşyň ýitirilmegem içgin baglanyşyklydyr. Derpessiýaly näsaglarda psihiki şikeslenmäniň tutýan orny tutuş halkyňka garanyňda ýokarylygynyň agdyklyk etmegi, aýratynam soňky alty aýyň dowamynda ýakyn adamlaryň ýitirilmegi bilen baglanyşykly bolýar. Beýleki bir tarapdan bolsa depressiýaly näsaglaryň, takmynan, 10%-niň döremegine ýakyn adamlarynyň bilen aýrylyşyp, şolardan jyda düşmek ýa-da şolary ýitirmek sebäp bolýar. Seýle bolsa-da psihotrawmalaryň keseliň etiopatogenezinde tutýan orny birhili gümürtik hem düşnüksizligine galýar. Şeýle-de, şahsyň kesellemezinden ozalky aýratynlyklarynyň keseliň döremeginde tutýan orny, käbir emosional durnuksyz, howsalaçyl, kakyn-silkinliräk şahslar beýleki adamlar bilen deňeşdirilende daşyndan göräýmäge depressiýa çydamsyz ýalam bolsalar, şolam düşnüksiz näbelliligine galýar. Bu ýerde şeýle ýagdaý beýlekileriň psihologiki goranylma mehanizmleriniň başgaçarak, has oňaýlylaryny ulanýandyklary bilen baglanyşykly bolmagam ähtimal.

*Klinikasy.* Munda esasy bozulmalar affektiň ýa-da keýpiň özgermesinden, hereketlenmäniň okgunly derejesiniň üýtgemeginden, sosial işlerde erjellik görkezip bilmekliginiň peselmeginden ybaratdyr. Gaýry alamatlar, meselem, pikirlenişiň

okgunlylygynyň özgermesi, öz-özüni günäkärläp köteklemäni ýa-da özüni agdyk bahalandyrmany bildirmek ýokarda görkezilen özgerişleriň soňky, ikinjileri ýaly bolýar. Klinikasy (maniakal, depressiw) epizodlar görnüşinde, (iki tapgyrly) bipolýar we rekkurent, şeýle-de keýpiň dowamly görnüşindäki bozulmalary bilen ýüze çykýar. Psihotiki epizodlaryň aralygynda psihopatologiki alamatsyz intermissiýalaram bolup biler. Affektiw bozulmalar hemişe diýen ýaly somatiki bildirme bilen geçýär (fiziologiki derwaýyslyklar, agram, deriniň çeýeligi we ş.m.). (Affektiw bozulmalarynyň çygrynda pasyllaýyn özgermeleri (adatça, gyşyna agramyň 10% çäklerinde köpelmegi, tomsuna bolsa şonçarak azalmagy), agşamlaryna uglewodlara bolan islegdir küýsegiň artmagy, meselem, uklamanyň öň ýanynda süýji zatlary iýmäge islegiň döremegi, aýallarda bolsa keýpiň peselmegi we aýbaşy gelmeziniň öňýanynda howsala düşmek ýaly sindromyň ýüze çykmagy bilen geçýän ýagdaýdyr.

**Maniakal epizody.** Ýüze çykyş derejesiniň bildirişine laýyklykda maniakal epizody gipomaniýalar, psihotiki epizodsyz we psihotiki epizodly maniýalar bilen häsiýetlenýär.

*Klinikasy.* Gipomaniýa diýlip keýpi göterilip we özüni alyp barşynyň özgerişi uzak dowam edip, äşgär geçip, şolarda-da paranoidler we gallýusinasiýalar bolmaýar. Keýpiň göterilmesi hiç bir esassyz şatlanma bilen ýüze çykyp, biraz ynjalyksyzlyk bilen geçýär. Bimazalyk bilen geçýän affekt aýratynam näsagyň işi başa barmadyk ýagdaýynda äşgär ýüze çykýar. Näsaglarda ýüzleý hem ýeňil oýlanyşly ýaňrama döräp, ol misli esentanyş ýaly pelesaň kakyp, köpler bilen tanşyp, işdeşlikdir hyzmatdaşlyk aragatnaşyklar gurnama dyrjaşýar. Özüni alyp barşynda kelesaň ýeňillikler peýda bolup, işdäsi açylýar, jynsy gatnaşyga bolan höwesi güýçlenýär ýa-da işdäsi kesilip, ünsi sowulagan, uklamazak bolup, aýry-aýry edim-gylymlary ahlaklygyň, salyhatlylygyň çäklerinden daş çykýar. Näsag özüni duýşunda işewürliginiň artan, döredijilik ukybynyň güýçlenen ýalylygyny duýýar. Hakykatdan hem onuň durmuş arabaglanyşyklarynyň sany artyp, öndürijiligi ýokarlanýar.

Psihotiki alamatsyz maniýa gipomaniýadan galyp göterilen keýpiň durmuş işdir – hyzmatlardaky kadalaryň özgermegine täsir edenligi bilen tapawutlanýar. Bu näsagyň özüne gözegçilik edip, edýän-goýýan zatlaryny dogry ugrukdyrmazlygyndan, özüni ädehede gabat gelmeýän görnüşde geň-enaýy alyp barmagyndan, dyngysyz ýaňrama bolan joşgunlylygynyň artmagynda we hereketlenmeleriniň güýçlenmeginde ýüze çykýar. Ol bahalandyryşy çişirilip ýokary galdyrýar-da, özüniň üýtgeşik ähmiýetli, hormatlanýan beýik adamlygy, beýikligi baradaky pikirleri aýdýar. Näsaga töwerekdäkiler bilen gürleşip düşünişmek çetin bolýar, aýratynam hassahana düsen mahallary özüni alyp barşynyň belli bir tertipde ýöredilmeginiň berjaý edilmegini ýalňyş, nädogry tapyp jedelleşip ýaňkalaşmakda, bejergi görkezmelerini berjaý etmekden boýun towlamagynda, hötjetlik görkezip

olary ret etmeginde, öz eden-etmişiniň jogapkärçiligini dir günäsini başgalaryň üstüne atýar. Töweregindäkileriň gowşak ýerlerini aňtap asgynlygyndan peýdalanma arkaly olary biri-birlerine küşgürip, öjükdirmekde döwtalaplylygy görkezme bilen tapawutlanýar. Adatça, bular aldawçylykdyr ýalançylyga ýykgyn edegen bolýarlar. Töweregindäkileriň bolgusyz ýaňrama bilen ýüreklerine düşüp, söhbet açyp otyrka sözüni böläýseler, ony ýokuş görüp halamaýar. Sözleýşinde başda nähili dir bir hili gyzykly zatlar bar ýaly bolsa-da, soňy ýerliksiz şorta sözlerdir ýomaklar, kapyýalaşdyrmalar, heneklerdir şama-şaýyrdy degişmelere ýazýar.

Adatça, özlerini bejerme maksady bilen aragyň agdyk içilmegine-de ýykgyn edip, kelläni göçürýän gyzykly humarly oýunlara-da baş urýarlar, aýratynam arasy uzak bolan ýerlere hem-de säheriň biwagt bolan ir çaglarynda telefonda tükeniksiz jaň edýärler. Şeýdip olar adaty bolmadyk utgaşdyrylyp gatym-garym edilen bulaşyk hereketlere hem edim-gylymlara ýüz urup, üýtgeşik sypaýy görnüşde geýinmäge, zenanlar köpdürli şaý-sepleri dakynmaga höwesek bolýar. Olaryň okgunly, garaşylmadyk hereketlere geçmekleri edilýän şol ters zatlaryň maksadalaýyklygyna bolan ynamlary utgaşýar. Hususy assosiasiýalaryň ýeňilleşenliginiň duýulmagy döräp, ünsüň sowulaganlygy güýçlenýär, töwerekleýän zatlaryň reňkdarlygy artyp, has ýiti hem goýy görünýär, ses owazlarynyň inçe äheňlerini eşidip bilme ukyby güýçlenýär. Wagtyň geçiş okgunlygy tizleşip, ukyny ine-gana doly alma bolan isleg ýitirilýär. Näsaglar bolar-bolgusyz zatlara pul sowrup, işdeş ýoldaşlary bilen dawalaşyp, edip otran işini taşlap çykyp gidýärler. Öýlerine çala tanyş, nätanyş adamlary getirip başlaýarlar, bu bolsa maşgala näsazlyklarynyň döremegine sebäp bolýar. Näsaglar edýän işleriniň telekdigine düşünmän, öz ýanlaryndan öz edýän işlerini dogry tapyp, özlerini tut ýaly sagdyn, süňňüniň ýeňildigini, güýjüne güýç goşulyp gurplanan, daýawlanan ýalydygyny tekrarlaýarlar. Has äşgär, has dogrusy aňrybaşy derejede ýüze çykan maniakal sindromda näsagyň gürleýşi düşnüksiz bolýar-da «Söz dürüşdesi» diýilýän alamat ýüze çykýar. Kähalatlarda näsagyň sesi gyrlyp, oňaýly gürläbilmese-de, sesiniň gyryljyklygyna garamazdan, ol erjellik bilen gürlemesini dowam etdirip, uly gyzykma bilen agzyndan ak köpük saçyp ýaňramasy bilen söhbetdeşiniň ýüregine düşüp, öz pikirlerini beýan edýär. Maniýa ýagdaýyndaky näsaglar töweregindäkilere hoşamaýlyk bilen diýseň asuda garap, howply hereketlere ýüz urmaýarlar. Diňe käbir halatlarda gysga möhletleýin garyşyk ýagdaý döräp, galdawlygyň göterilmegi ynjyklylyga, uçursyz güýçli bolan gahar-gazaba getirýär-de, näsagyň «ýarylmagy» bilen utgaşyp urşubermekdenem gaýtmazlyk derejesine ýetmeklik ýaly ýagdaýlaram döreýär (gahar-gazaply maniýa).

Psihotiki alamatly maniýa has äşgär ýüze çykýan kliniki alamatlar bilen geçip, pikirlenmäniň aýdyň çaltlaşyp öňürdiklemesi, maniakal joşgunlanma, şöhratparazlyk pikirleriň ilkinjileri, özüniň aslynyň belent mukaddesligi, belentligi, seksual hyjuwynyň güýçlenmesi ýaly kliniki alamatlar peýda bolýar. Şahsyň äh-

miýetliligini tassyklaýan gallýusinator sesleriň näsag üçin emosional parhsyz bolan zatlary aýdýan «sesleriň» ýa-da ähmiýetli hem-de aňtalyp yzarlanylyjy paranoidiň peýda bolmagam mümkindir.

*Kesel kesgidi.* Maniakal epizodyň ýagdaýyň agyrlygyna baglanyşykda ýa-da psihotiki alamatlaryň bolmazlygynda ýüze çykyp bildirýär. Beýle ýagdaýlar hakykatda maniakal bozulmanyň aýry-aýry tapgyrlaryny açyp görkezýär. Ikinjä geçip maniýany has äşgär ýüze çykarýan birinji tapgyr gipomaniýa mahsus bolup, psihomotor we affektiw bozulmalary has güýçli depginliliginde häsiýetlendirilýär: hil tarapdan tapawutlanyş affektiň umumy düzümindäki ynjyklygyň agdyklyk edýänligini, eksploziw hem özüni oňşuksyz (agressiw) alyp barmaga ýykgynlylygyň ýokarylygyny görkezmekden ybaratdyr. Psihotiki alamatlar bilen häsiýetlenip, özüni islendik psihozyň suratlandyrylyşyndan, şol sanda-da şizofreniýadanam, beýniniň organiki zeperlenmesindenem tapawutlandyrylmasyny kynlaşdyrýan üçünji tapgyr seýrek duş gelýär.

Gipomaniýanyň kesgidi aşakdaky ýagdaýlaryň bahalandyrylyş ölçeglerine bap gelmelidir:

• şu şahsa mahsus bolmadyk keýpiň göterilmegi, ynjyklyk azyndan 4 gün saklanylmalydyr;

• aşakda görkezilen alamatlaryň azyndan üçüsi ýüze çykarylyp bildirilmelidir:

a) galjaňlygyň ýokarlanmasy ýa-da süňňi taýdan ynjalyksyzlanma; b) ýaňramanyň güýçlenmegi; ç) ünsüň nämedir bir zada dikilmeginiň kynlaşmasy ýa-da ünsüň sowulmasynyň artmasy; d) uka bolan islegdir talabyň peselmegi; e) jynsy gatnaşyga bolan islegiň güýçlenmegi ýa-da jogapkärçiliksiz garalmagy; ä) ýaňramaga bolan höwesiň artmagy ýa-da özüni oňşuksyzdan edepsiz alyp barmak.

Psihotiki alamatsyz geçýän maniýanyň kesgidi bahalandyrylyşyň ölçegleriniň aşakda getirilip görkezilenlerine bap gelmegi esasynda goýulýar:

1) Keýpiň şol şahsa mahsus bolmadyk görnüşde ekspansiw (güýçli göçgünlikli), ynjyklykly (gahar-gazaply) göterilmegi. Keýpiň özgerenligi äşgär bildirip görünmegi we bir hepdäniň dowamynda aýrylman saklanylmagy;

2) Aşakdaky alamatlaryň azyndan üçüsi bolmaly (eger-de keýp ynjykly bolsa, onda dördüsi): a) galdawlygyň göterilmesi ýa-da süňňi bimazalygyň döremegi; b) ýaňramanyň artmagy («Sözlenilşiň batlanmasy»); ç) pikirlenişiň akymynyň tizleşmesi ýa-da näsagyň öz «pikirlerini öňürdikleýşini» duýmagy; d) özüni ýagdaýa laýyk akylly-başly alyp barmazlyga getirýän adaty durmuşy gözegçiligiň peselmesi; e) uka bolan islegiň, talabyň azalmagy; ä) özüni ýokary bahalandyrma ýa-da şöhratparazlyk pikirleriň döremegi; f) ünsüň sowlup durmasynyň ýokarlanmasy; ýerine ýetirilýän işlerde we öňe sürülýän maksatlarda hemişelik üýtgeýjiligiň bolmagy; g) özüni akyl-paýhassyz, pähimsiz alyp barmak we şonuň getirýän netijelerine näsagyň göz ýetirip düşünip bilmezligi, meselem, şady-horramlykda wagtyny keýp çekip hoş geçirmek, samsyklaç işlerdir sowallara, oýunbazlyga ýüz

urmak, ulagy başly-barat hatarly görnüşde sürmek; h) jynsy gatnaşyga küýsegiň äşgär güýçlenmegi; i) gallýusinasiýalaryň we paranoidiň bolmazlygy.

Psihiki alamatly geçýän maniýa kesgit ýagdaýyň bahalandyrlyşynyň aşakdakylaryň ölçeglerine bap gelmeginiň esasynda goýulýar: 1) Epizod maniýanyň ölçeg talaplaryna bap gelýär, ýöne keýpiň göterilmesine we şony döreden ýagdaýlara mahsus bolan psihotiki alamatlar bilen geçýär; 2) Epizod şizofreniýanyň ýa-da şizoaffektiw bozulmanyň bahalandyrlyş ölçeglerine bap gelmeýär; 3) Paranoid pikirleriň (şöhratparazlyk, ähmiýetli, erotiki ýa-da persikutor – yzarlama mazmunly) we gallýusinasiýalaryň bolmagy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Gipomaniakal epizodlaryň döremegi gipertireoz keselinde mümkindir. Şonda olar wegetatiw reaksiýalar, endamyň gyzgynynyň galmagy bilen utgaşyp, Grefiň alamaty, ekzoftalm, sandyrama äşgär ýüze çykýar. Näsaglar «durky bilen sandyraýanlygyny» belleýärler. Gipomaniýa käbir psihotiki maddalar bilen zäherlenmede häsiýetli bolýar, meselem, amfetaminler, alkogol, neşe serişdeleri bilen zäherlenmede, ýöne şonda zäherlenmäniň gaýry alamatlary: göreçleriň giňliginiň özgermesi, sandyrama, wegetatiw reaksiýalar ýüze çykýar.

Psihotiki alamatsyz geçýän maniakal ýagdaýyň kesgidi şizofreniýadaky we şizoaffektiw bozulmalardaky organiki affektiw we maniakal gebefren göçgünlenmeden tapawutlandyrylmalydyr. Organiki maniýalar aň-huşuň özgermesi bilen geçip, newrologiki hem somatiki (süňňi) bozulmalaryň, psihoorganiki sindromyň gaýry düzümleriniňem, meselem kognitiw peselmäniň üsti açylýar. Şizofreniýadaky we şizoaffektiw psihozdaky maniakal gebefren ýagdaý maniakaldan tapawutlylykda öte şatlanma bilen häsiýetlenmän, pikirlenişiň adaty bozulmalary (üzlem-saplamlygy) amorflygy (şekilsizligi), pikirlenişiň paralogikligi (logiki dälligi), wäşiden samsyklaçlygy, negatiw psihopatologiki alamatlaryň, instinktiw regresiň alamatlarynyň (geýilmesiz zatlaryň geýilmegi, är-aýallyk işinde adaty ýörelgelerden çykylyp ýoýulmalara ýykgyn edilmegi, sowukganlylyk bilen özüni alyp barmagyň esasynda rehimsizlikdir duşmançylygyň görkezilmegi ýaly zatlaryň) ýüze çykmagy bilen häsiýetlenýär.

Psihotiki alamatly maniýada has uly kynçylyklary döredýän ýagdaý şizoaffektiw bozulmalar bilen tapawutlandyrmakdyr. Şizoaffektiw psihozlara şizofreniýanyň alamatlary häsiýetli bolup, munda paranoid pikirleriň keýpe täsir edişi ujypsyzdyr. Ýöne şeýle-de bolsa şizoaffektiw bozulmanyň bahalandyrylmagy üçin şu kesgit başlangyç hökmünde garalsa-da bolar.

*Bejergisi.* Maniakal ýagdaýlaryň bejergisini geçirmek üçin psihomotor göçgünliginde, köplenç halatda neýroleptikleriň ulanylmagy zeruram bolsa, ýörite saýlanylyp alynýany welin litiýdir.

Litiý bilen neýroleptikler utgaşdyrlyp ulanylanda goşmaça zäherlenmäniň döremeginiň ähtimallygy näsagyň newrologiki hem kognitiw ýagdaýlaryndaky özgermeleriň geçmeginiň has dykgatly synlanylmagynyň zerurlygyny talap edýär.

Eger-de berilýän dermanlar täsirsiz bolsa, onda karbamazepiniň synag görnüşindäki berilmesine geçilip, bir aýyň dowamynda bellenenden soň peýda etmese, litiý bilen karbamazepiniň utgaşdyrylyp berilmesine geçilse bolar. Maniakal epizodyň dermanlar arkaly bejerilmesiniň dowamlylygy dört hepdeden az bolmaly däldir ýa-da şondan ozalky bolup geçen maniýanyň dowam eden wagtyna (eger-de ol şondan uzaga çeken bolsa) laýyklanylyp geçirilmelidir.

**Bipolýar affektiw bozulmalar.** *Klinikasy.* Bu bozulma ozallar maniakal-depressiw psihoz hökmünde seredilýärdi. Kesel depressiw we maniakal epizodlaryň aram-aram döwürleýin döremesi bilen häsiýetlenýär. Keseliň nesil yzarlaýjylyk bilen baglanyşygynyň barlygy hem äşgär kesgitlenip, anyk ýüze çykaryldy. Bipolýar bozulmasyndan ezýet çekýän näsaglaryň çagalary nesil yzarlaýjylygy ýoklaryňkydan 10-15 esse köp keselleýär. Näsaglaryň arasynda ýokary bilimi bolmadyklaryň sany agdyklyk edýär. Bozulmanyň döremegi, köplenç halatda 30 ýaslylarda başlanýar, ýöne käte ondan irräk, 20 ýaşamadyklarda we gijräk başlanýanlaram gabat gelýär. Keseliň başlanmazynyň öň ýanynda gysga möhletli keýpiň bozulmalary we umumy affektiw durnuksyzlyk peýda bolup geçýär. Näsaglar kesellemezinden ozal göwnaçyklygy, alçaklygy, salyhatlylygy taýdan ýokary derejeliligi, durmuşa, işe janypkeşlik bilen ýapyşyp işjeň gatnaşmagy bilen häsiýetlenýän şahslardyr.

Keseliň ilkinji tutgaýy, köplenç halatda depressiýadan başlanyp (aýallaryň 45%-i, erkekleriň bolsa 67%-i juda agyr görnüşde häsiýetlenip, häli-şindi öz janyna kast etmä synanyşmalary bilen geçýär. Kesel şeýle bolup geçensoň aralygyndaky dörän gowulaşmasy uzak wagt (birnäçe ýyl) dowam edýänem bolsa, ýöne, köplenç halatda bir-iki ýyldan soň keseliň tutgaýy gaýtalanýar. Maniakal epizodlary birnäçe sagadyň ýa-da günleriň seýregräk hepdeleriň dowamynda geçýär; bozulmanyň başky tapgyrlarynda, aýry-aýrylaryndan gaýrylarynda psihososial öjükdiriji ýagdaýlaryň roly äşgär ýüze çykarylýar. Tutgaýlar, köplenç halatda pasyllaýyn döräp, ýazda hem güýzde güýçlenip, beterlegen bolýar.

Ýöne munuň her şahsda aýratyn geçişli döwürleri hem bolýar. Aralykdaky gowulaşmalaryň dowamlylygy 6 aýdan 2-3 ýyla çenli çekip biler. Maniakal ýagdaýlaryň dowamlylygy bir aýdan dört aýa, depressiýanyňky 6 aýa çekýär. Näsaglaryň her bäşisiniň birinde depressiýanyň dowam edişiniň uzaklygy, takmynan, 2 ýyla çenli çekip biler. Keseliň barha beterleşmesi bilen geçýän tapgyrlar has ýygjam gaýtalanyp, 5-6 epizod başdan geçirilensoň şolaryň arasyndaky dowamlylyk durnuklanyp, 6-9 aýdan soň gaýtalanýar-da, soňabaka hasam seýrekleşme bilen bolýar, adam ömrüniň dowamynda şol tapgyrlaryň 7-9 sanysyny başdan geçirýär. Umuman alanyňda, munuň geçişi rekkurent depressiýa bozulmasynyňkydan, aýratynam psihotiki alamatlar bilen geçeninde hasam ýaramaz bolýar.

Orta hasapdan keseliň uzaga çekip, dowamly geçýäni bipolýar görnüşli keselli näsaglaryň 10%-nde duş gelip, galan üçden birinde durmuş derejäniň peselmeginiň alamatlary ýüze çykýar.

*Kesel kesgidi.* Esasan, gaýtalap geçýän epizodlaryň, keýpiň we motor hereketlenmeleriň derejesiniň özgermeleriniň esasynda geçip, aşakdaky kliniki görnüşlerde goýulýar. Kesgitleme goýlanda synlanylýan affektiw bozulmanyň epizodynyň, meselem, psihiki bozulmasyz ýa-da psihiki bozulmaly gipomaniakal, maniakal, aramlyk ýa-da ýeňil geçýän depressiýanyň gönümel bellige alynylmagy arkaly goýulýar. Eger-de bozulma bolmasa, onda köplenç halatda keseliň öňüni alyş bejergi bilen baglanyşykly bolan remissiýa (gowulaşma) kesgit goýulýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Bipolýar affektiw bozulmasy, köplenç halatda şizoaffektiw bozulmadan tapawutlandyrylýar. Şizoaffektiw geçip gidiji endogen funksional bozulma bolup, adatça, iş ýüzünde defektiň döremegi bilen geçmän, şonuň içinde affektiw bozulmalar şizofreniýanyň önjeýli alamatlaryna garanyňda uzagrak dowam edýär. Beýle alamatlar bolsa bipolýar affektiw bozulmasyna häsiýetli bolmaýar.

*Bejergisi.* Bejergisiniň aýratynlyklary kesel bilen geçýän sindrom (depressiýa, maniýa), şeýle-de affektiw bozulmalaryň çuňlugy we gaýry önjeýli alamatlaryň bolmagy arkaly kesgitlenilýär. Keseliň depressiw epizodlarynda, köplenç halatda trisikliki antidepressantlar, EST, ukynyň depriwasiýasy (kesilmesi) ulanylýar. Maniakal epizodlylarynda bolsa litiý karbonatynyň neýroleptikler bilen utgaşdyrylany bellenilýär. Goldaýjy bejergi hökmünde: karbamazepin, natriýniň walproaty ýa-da litiýniň karbonaty ulanylýar.

**Depressiw epizody.** *Klinikasy.* Ýagdaý emosional, kognitiw we somatiki bozulmalardan emele gelip, ikinji nobatda goşmaça alamatlardan öz-özüňi günäkärleme depressiw depersonalizasiýasy we derealizasiýa ýaly alamatlar hem bolýar. Aňrybaşy derejede agdyklyk edýän affektde tukatlyk, ýürek gysmalar bolup, ýöne olar boşlaňlyk duýgusy, ynjykdan gyzmalykly görnüşde-de bolup biler. Depressiw affektini näsag kalbyna salynýan güýçli agramdyr agyry, umydyň ýitirilmeginiň gynançly hem ejirli duýgusy bilen diýseň kösençli geçirýär. Tukatlygyň özi, köplenç halatda näsaga süňňe, kalba agram salynýan ejirli duýgy bolup, kükregiň astynda birahatlandyryjy duýgulary döredýär (ýürek tukatlygy).

Şeýle näsaglarda özüniň hiç bir derde ýaramaýan kemisliligi, hiç kime gerek dälligi ýaly sustuňy basyjy agyr pikirler döräp, onuň öz janyna kast edip, özüni heläkleme howpy tutuş ilatyňky bilen deňeşdirilende 30 esse ýokary bolýar. Näsaglaryň, takmynan, üçden iki bölegi öz-özüňi heläkleme hyýalyna gelip, şolaryň diňe 10-15%-i öz janlaryna kastr etmä synanyşýarlar.

Şolaryň käbirisi ol hereketi duýdansyz hem şeýle bir çalasyn amala aşyrýarlar welin, onuň öňüniň alnylmagyna hiç bir hili maý galdyrylmaýar. Soňkular kesel agyr geçýän näsaglara häsiýetli bolup, şony etmäge degerli esasyňdyr sebäbiň ýeterlik bolman, onuň amala aşyrylmagyna-da güýç-gurbatynyň çatmaýanlygyna garamazdan, näsag karar tapyp dek oturybilmän, oňa baş urmaga synanyşýar: depressiýadan çykaýýan wagtynda öz janyna kast etme howpy hasam ýokary

bolýar (paradoksal – jana kast etjek bolmanyň heňe gelmeýän üýtgeşik suisidi). Näsaglaryň öz janlaryna kast etme howpy keseliň geçişiniň ilkinji bäş ýylynda hasam ýokary bolýar.

Affektiň kabul edilişiniň hilini kesgitlemekde hut hususy düşünjedäki bahalandyrylyşynda aleksitimiýaly, ýagny öz emosiýalaryny söz arkaly düşündirip bilmek ukyby ýitirilen näsaglarda has uly kynçylyklar döredýär. Ugurtapyjylyk, adatça, bozulmaýar. Psihomotor haýallanmasy, şonuň hatda doly depressiýa ýetirilýäni şu ýagdaýa has häsiýetli bolýar. Ażitasiýa (joşgunly hereketlenmä gelmek) keseliň has agyr geçýän ýagdaýynda ýa-da ýaşy birçene baran näsaglarda ýüze çykyp, şonda olar aýagy bişen ýaly, birahatlyk tapyp, bir ýerde durup bilmän, pelesaň kakyp jaýyň içinde urunýarlar, çykgynsyz ýagdaýa düşüp nalaçlyga uçranyndan ejir çekip, barmaklaryny gaňryp, saçlaryny ýolýarlar. Kähalatlarda psihomotor göçgünlilige gelmeklik katatoniki rahatsyzlygy ýada salýar. Depressiwli näsaglaryň tüýs mysalasy – küýkerip, gözgyny görnüşde boýnuny sallamagy, hiç bir zat bilen gyzyklanmaýan manysyz garaýyşly öçügsi çuňňur tukat gözleri, özmeýilli hereketleriniň bolmazlygy, dünýäden doýgun ýalylygy bilen häsiýetlenýär. Olar, köplenç, ýorgan-düşeginde bükülip, düýrlenip ýatýar. Gürleýşi çäklenip, soraglara berýän jogaplary birmeňzeş sada bolup, haýallyk bilen gaýtarylýar, gürrüňiniň mazmuny ýa-ha garyplaşdyrylan ýa-da çintgelip jikme-jiklendirilip, köp sözli aýdylýar. Näsaglar aglap bilmeýändiklerine şikaýat edip zeýrenýärler – bu alamat keseliň gowulaşmagy bilen aýrylyp gidýär.

Özündäki kesel çendenaşa çişirilip agyrlaşýar-da, ony bejerip bolmaýan agyr kesel derejesine ýetirilip bahalandyrylýar. Şonuň esasynda näsagyň öz keseli baradaky berýän maglumatlarynyň hakykata laýyk gelmezligi mümkin. Keseliň juda agyr bolmadygynda bolsa özüni psihologiki gorap biliş esasynda, kähalatlarda töwerekdäkilere göz-görtele görnüp duran öz derdine gümra bolma bilen güýmenýänliginiň, deslapky gyzyklanmalarynydyr höweslerini ýitirenligi lukmana ýüz tutmaga meýliniň ýoklugynyň bolmagyna garamazdan özündäki bar bolan depressiýany duýmaýar. Depressiýaly näsaglaryň bary diýen ýaly öz güýç-kuwwatynyňdyr gaýratynyň gaçanlygyny, akyl-paýhas işine bolan ukybynyň önjeýliliginiň peselenligini aňýarlar. Olara haýsydyr bir täze işi başlamak, başlanan işi ahyryna çenli ýetirip gutarnykly tamamlamak kyn bolup, ýetişigidir zähmet öndürijiligi peselýär.

Uky bozulmalaram dürli görnüşlerde geçip, uka gitmesi kynlaşyp, ol üzlem-saplam bolup, kä uklap, kä oýanýar-da, oýanandan soňra uklap bilmezlikden horlanýandyklary barada zeýrenip, ukusynyň bozulmasy barada agyr pikirlere batýarlar. Keýpiniň üýtgäp, yraň atyp durmasy näsaglaryň ýarysynda diýen ýaly ýüze çykyp, köplenç halatda säher çaglary depressiýa güýçlenip, agşamlaryna birneme gowulaşýar, has agyr geçýänlerinde bolsa, tersine, säher çaglary gowşap, agşamlaryna beterleşýär.

Keseliň has agyr geçýän ýagdaýlarynda daň atyberende oýanyp, soňra uka gidibilmän kösenýärler.

Käbir halatlarda işdäsiniň açylyp has güýçli uklaganlygam döreýär. Howsala düşme pursatlary döräp, şol ýüregedüşgünç ilgezik gorkulardan dynmak üçin arak içilmä ýüz urulýar-da, onuň endige öwrülýän ýerlerem gabat gelýär.

Ukynyň we işdäniň bozulmalary dürli somatiki keselleriň ýa-da ozal bolanlarynyň beterläp agyrlaşmagyna getirýär-de, näsagy lukmana ýüzlenmäge mejbur edýär. Şonda näsaglar köplenç halatda içiniň gataýanlygyna, kellagyrylara, gan basyşynyň beýgelmegine, aşgazanynda döreýän bozulmalara, agzynyň kepäp durmagyna, dem alyş ýollarynyň sowuklamasynda, ýürek-damar keselleriniň birahatlandyrmagyna şikaýat edýärler; aýallarda aýbaşy gelmesiniň kadasynyň bozulmagam seýrek däl.

Esasy affekte goşulýan psihotiki ýagdaýlar diýlip özüni günäkärleme, özüne sarpa goýlup gerekli derejede bahalandyrylmaýan aňtalyp yzarlanýan, çökder zyýan çeken, ölüm howply keselleriň birine uçranlygy ýaly paranoidli pikirler hasaplanylýar. Üstünden gülünýän ýa-da ýazgarylyp aýyplanýan sözli eşidiş gallýusinasiýalary hem bolýar. Özüniň günäkärlik duýgusyny, öz janyna kast ediljek bolunmanyň, ölüme bolan jogapkärçilik duýgusynyň ýitirilmegi häsiýetli bolýar. Işdäniň kesilmegi iýmitiň tagamynyň ýitenligi bilen hem kesgitlenip bilner.

Depressiýanyň kesgidi nädogry goýlanda jynsy gatnaşyga bolan höwesiň peselmegine edilýän şikaýatlar, köplenç, näsagy seksopatolog lukmana esassyz ýüzlenmäge itergileýär. Ýetginjeklerde dörän depressiýa bulardan daşary ata-enesine bolan agdyk garaşlylygyna, şolara häli-şindi ýüzlenip hemaýat isläp durmasyna, mekdepden gorkmagyna ýa-da neşelere ýüz urmagyna-da, il arasynda ýöredilýän hem göterilmeýän edim-gylymlara ýüz urmagyna, öýden gaçyp gitmegine-de getirip biler.

Depressiýanyň ýüze çykyşynyň äşgärligine hem-de psihotiki alamatlaryň goşulmagyna baglylykda şonuň aşakdaky görnüşleri ýüze çykarylýar: 1) depressiw epizodyň ýeňiljegi; 2) depressiw epizodyň aramlygy; 3) psihotiki alamatsyz agyr depressiw epizody; 4) psihotiki alamatly agyr depressiw epizody.

Depressiw epizodyň ýeňiljegi ünsüňi jemläp bilmek ukybynyň ýitirilmegi, özüni bahalandyryp bilmäniň peselmegi we özüňe ynamyň gaçmagy, günäkärligiň baradaky pikirleriň we öz-özüňi ýazgaryp köteklemaniň, gelejege gamgynly hem umytsyz garama, özüňi heläkleme we durmuşda özüňe mynasyp orun tapma pikirleriň döremegi, uky bozulmalary, işdäniň tutulmagy bilen häsiýetlenýär. Depressiw epizodyň umumy alamatlary näsagyň şolary edähede gabat gelmeýän adaty däl görnüşli derejede düşünip kabul etmegi bilen utgaşyp, onda keýp epizodiki (çäkli) bolman, günüň esli agramyny eýeläp, reaktiw ýagdaýa (situasion – dörän ýagdaýlaryň pursatlaryna) bagly bolmaýar. Näsag güýç-kuwwatynyň gaçýanlygyny äşgär duýup, tiz ýadaýanlygyna göz ýetirýär, ýöne şonda ol ýagdaýyny

ugrukdyryp bilýär-de, köplenç halatda zähmet çekmesini dowam etdirýär. Depressiw keýplilikdäki näsagyň daşky sypatlary (ýüz-gözüni oýnadyşy, adamlar bilen edähede girizilen aragatnaşyklary saklap bilmegi, aýak üstünde duruşy, ädimini basyp ýöreýşi, üm-yşaratlary ugrukdyryp bilmesi) bozulman saklanýar. Meselem, näsagyň gaýgyly ýylgyrmasyny, hereketlenmeleriniň haýýalap peselmegi görlende, şolar onuň iňkise gidip, oýa batanlygy hökmünde kabul edilýär.

Depressiw epizodyň aramlygy depressiw affektiň has aýdyň bildirmegi bilen häsiýetlenip, şolam näsagyň durmuş işjeňlik derejesine täsir edip, şahsyň özüni gündelik ýaşaýyşda geregiçe maksadalaýyk görkezip bilmesine päsgel berýär. Şonda ara howsala düşeninde ol ýagdaý nädogry şikaýatlar etmesi bilen hem özüni geňräk alyp barmasynda ýüze çykarylýar. Mundan-da daşary obsessiw-fobiki komponentli senestopatiki depressiýalaram ýüze çykýar.

Psihotiki alamatsyz geçýän agyr depressiw epizody depressiýanyň ähli alamatlary bilen ýüze çykýar. Motorikasy takatsyz ýa-da has peseldilen bolýar. Özüni helakleme pikirleri we özüni alyp barşy hemişelik durnukly häsiýete öwrülip, şeýle-de somatiki sindromam uzak wagtlap aýrylman saklanylýar. Durmuşy işjeňlilik kesele tabynlandyrylyp, esli derejede peselýär ýa-da şony asla amala aşyrybam bolmaýar. Janyna kest edip, özüni helakleme howpunyň aýrylman saklanyp durmagy sebäpli, näsaglaryň hemmesini hassahana ýerleşdirme zerurlygy ýüze çykýar. Eger-de ażitasiýa bilen hereketleriň doňdurylma derejesine ýetirilmegi ýüze çykyp, näsagyň ýagdaýy baradaky söz arkaly berilýän goşmaça maglumatlary alyp bolmanynda, onda şeýle epizodam depressiýanyň agyr görnüşlisine girizilýär.

Psihotiki alamatly geçýän depressiw epizodyň agyr görnüşlisi özüni günäkärlemek, haýsydyr bir bejerip bolmajak agyr ýokanç kesele uçramakdan gorkup howatyrlanmasy ýüze çykarylyp ipohondriki paranoidler bilen geçip, näsagyň kalbyny öz ýakyn hossarlaryna kesel ýokuşdyraýma gorkusy gaplaýar. Näsag külli adamzadyň günäsini öz üstüne alyp, kähalatlarda şony kyýamata müdimi gitme bilen ýuwmaly diýen karara gelýär (Agasferiň sindromy). Onuň şeýle pikirleri eşidiş we görüş gallýusinasiýalary bilenem tassyklanylýar. Seýle başdan geçirmeleriň netijesinde hereketler haýalladylyp, depressiw stuporyň döremegem, ýetirilmegem ýygjam duşýan ýagdaýdyr.

*Kesel kesgidi.* Depressiw epizodlaryň kesgidi goýlanda öňi bilen bahalandyrylyş ölçegleriniň ähli görnüşleri üýtgedilmän dogry ulanylmalydyr: 1) epizodyň uzaklygy iki hepdeden aňry geçýär; 2) anamnezde (gipo) maniakal epizodynyň bahalandyrylyş ölçeglerindäki keseliň agyrlygyndan agdyk gelýän ölçegleriň bolmazlygy; 3) epizod psihotrop serişdeleriň gereginden agdyk ulanylmagyndan döredilýän kesellere ýa-da beýniniň organiki zeperlenmeleriň hataryna goşulmaly däldir.

Esasy psihiatriýa endogen we reaktiw depressiýaly ýagdaýlary diýilýänleriniň bolünilmegine uly ähmiýet berýär. Endogen depressiýalara somatiki diýlip bellenil-

19. Sargyt №3273.

ýän alamatlar girizilýär. Ýöne ýüze çykarylýan somatiki sindromyň endogen depressiw epizodynyň goşmaça alamatylygy hem hasaba alynmalydyr.

Aşakda getirilip görkezilen alamatlaryň 4-sine, ýa-da ondanam köprägine kliniki suratlanylyşy gabat gelse, onda somatiki sindrom ýaýbaňlandyrylan saýylýar:

• Gyzyklanmalaryň, bähbitleriň aralmagynyň aýdyň peselmegi ýa-da adaty edilýän işlerden hoşal bolup kanagatlanmazlyk;

• Geçip duran wakalara ýa-da amala aşyrylýan işlere endik edilen emosional reaksiýanyň peselmegi;

• Endik edilen wagtdan iki we ondan gowrak sagat ir ukudan oýanmak;

• Affektiň gije-gündizdäki yraň atmalary (üýtgäp durmagy);

• Psihomotorikanyň aýdyň synlanylýan hakyky hem görnetin bozulmalary (hereketleriň haýallandyrylmasy ýa-da uçursyz güýçlendirilmesi);

• Işdäniň peselmesiniň aýdyň bildirmegi;

• Agramyň ýitirilmegi (geçen aýyň dowamynda 5%-den-de gowragynyň ýitirilmegi);

• Jynsy gatnaşyga bolan küýsegiň görnetin peselmegi.

Sanalyp geçilen alamatlardan daşary somatiki sindroma göreçleriň giňelmeginiň, tahikardiýanyň, içiň gatamagynyň, dyrnaklaryň döwülegenliginiň we saçyň düşegenliginiň artmagynyň girizilmegi we inwolýusion özgerişleriň tiz geçmegi (näsag daşyndan synlanynda öz ýaşyndan has uly görünýär), seýle-de: psihogen sojama (dem alşyň kynlaşmasy), aýaklaryň birahatlanma sindromy, dermatologiki ipohondriýa, kardial we psewdorewmatiki alamatlar, psihogen dizuriýasy (buşugma kadasynyň bozulmasy), içege ulgamynyň somatiki görnüşli bozulmalary ýaly birnäçe köp alamatlaram goşulyp bilner. Gaýry somatiki alamatlardan nämedenligi näbelli bolan kellagyrylar, amenoreýa (aýbaşynyň bolmazlygy) we dismenoreýa (aýbaşynyň bozulmagy), kükrekde agyrylaryň peýda bolmagy, aýratynam şoňa has mahsus bolan gursagyňa «daş asylan» ýalylaryň duýulmagy görnüşlilerem bolup biler.

Depressiw epizodynyň kesgidiniň goýulmagy üçin asakdaky getirilip görkezilen ýagdaýlaryň bolmagy zerurdyr:

• şu alamatlaryň ikisinden az bolmazlygy: a) keýpiň depressiwligi; b) näsaga ozal hezil berip kanagatlandyrýan işleriň, gyzyklanmalaryň, bähbit aralynmalarynyň peselmegi; ç) güýç-kuwwatyň gaçyp ýadaganlygyň artmagy.

• şu alamatlaryň ikisinden az bolmazlygy: a) özüňe bolan ynamyň we öz-özüni bahalandyryşyň peselmegi; b) öz-özüňi kötekläp, saý-sebäpsiz aýyplamak we özüňi günäli duýmak; ç) ölüm we öz janyňa kast edip helàkleme baradaky pikirleriň gaýtalanyp durmagy; d) pikiriňi jemläp bilmezlige we ýadawlyga şikaýat etmek; e) uky bozulmalary; ä) işdäniň bozulmasy.

Depressiw epizodyň aramlyk görnüşi ýeňil görnüşlisinden alamatlaryň has köp sanynyň agdyklygy bilen tapawutlanýar. Oňa şol ýagdaýyň aşakda getirilenlere ga-

bat geleninde kesgit goýulýar: 1) depressiw epizodyň ýeňiliniň birinji görnüşlisiniň bahalandyrylyş ölçeglerine üç alamatynyň ikiden az bolmadygyna gabat geleninde; 2) depressiw epizodyn ýeňiliniň ikinji görnüşlisiniň bahalandyrylyş ölçeglerine dörtden az bolmadyk alamatlary gabat geleninde.

Depressiw epizodyň psihotiki alamatsyz agyr görnüşlisine ýagdaý aşakda görkezilenlere gabat geleninde goýulýar: 1) depressiw epizodyň ýeňiliniň birinji görnüşlisiniň bahalandyrylyp, ölçegleriniň ählisine gabat geleninde; 2) depressiw epizodyň ýeňiliniň ikinji görnüşlisiniň bahalandyrylyş ölçegleriniň bäşisinden az bolmadygy gabat geleninde; 3) keseliň kliniki suratlanyşynda gallýusinasiýalaryň, paranoidiň ýa-da depressiw stuporyň bolmazlygynda.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Depressiýa hakykatda bar bolan ençeme somatiki keselleriň alamatlarynyň duzümine girýän ikinji görnüşindäkisi hem bolup biler. Beýleki bir tarapdan bolsa näsag diňe somatiki keseliniň döredýän birahatlyklaryna şikaýat edýänleri hakykatdan-da ýüze çykyp bildirmeýän ýa-da ýaşyryn depressiýanyň alamatlary hem bolup biler.

Depressiw epizodyň ýeňil görnüşlisini, köplenç halatda ýadalmagyň esasynda döreýän asteniki ýagdaý, organiki asteniýa, şahsyň sypatlarynyň asteniki dekompensasiýasyndan has ýygjam tapawutlandyrmaly bolýar. Asteniýa janyna kast edip, özüni heläkleme pikirleri häsiýetli bolman, keýpiň gaçmagy bilen ýadaganlyk bolsa agşamaralaryna has güýjeýär. Organiki asteniýada baş aýlanma, gurpdan düşme, agyr iş edilende ýadawlygyň tiz döremegi has ýygjam ýüze çykýan ýagdaýdyr. Şeýle näsaglaryň anamnezinde kelleçanak-beýni şikeslenmeleriniň, neýroinfeksiýalaryň bolup geçenligi äşgär bolýar. Şahsyň sypatlarynyňdyr häsiýetleriniň dekompensasiýasy döräninde psihasteniki anamnezde äşgär ýüze çykarylyp, subdepressiýany (gowşagrak depressiýa) şahs özüniň tebigy häsiýetine laýyk zat hökmünde hasaplaýar.

Depressiw epizodyň aramlyk görnüşlisini, aýratynam takyk anamneziň bolmazlygynda postşizofreniki (şizofreniýadan soň döreýän) depressiýadan tapawutlandyrmaly. Depressiw epizodyň aramlyk görnüşlisine endogen affektiw komponenti, emosional – erk bozulmalarynyň negatiwleriniň bolmazlygy häsiýetlidir.

Depressiýanyň agyr görnüşlisini, köplenç halatda organiki affektiw alamatlar we demensiýanyň (kemakyllygyň) başdaky tapgyrlary, aýratynam Alsgeýmeriň keselindäkisinden tapawutlandyrmaly bolýar. Depressiýadaky kognitiw bozulmalar kähalatlarda demensiýadakylara çalymdaş bolýar-da, ýöne şolardan has ýiti, güýçli başlanylyşy, gije-gündiziň wagtyna baglylykda yraň atyşynyň äşgär ýüze çykarylyşy bilen tapawutlanýar. Olar hem şu keselde başgarak görnüşde geçýän depressiýanyň alamatlary bilen häsiýetlenip, adatça, demensiýa bolýar: günäkärligi duýmak, konfabulýasiýalara (ýalan-ýaşryk howaýy toslama ýatlamalara) ýykgyn etmekligiň bolmazlygy, uzak hem gysga möhletleýin huşuň peselmesiniň deň gyraňlykda geçmesi. Demensiýada bolsa gysga möhletli huş has görnetin bozulýar.

Mundan daşary organiki affektiw alamatlaryň ýoklugyny kesgitlemäge goşmaça geçirilýän newrologiki, neýropsihologiki barlaglar, EEG we KT-de mümkinçilik berýär.

*Bejergisi.* Depressiýalaryň bejergisinde atidepressantlaryň dürli toparlara girýänleri (mono, tri, tetrasikliki, MAO, serotoniniň ingibitorlary), galkan şekilli mäziň gormonlary, monoloteral dominant däl beýni ýarymtogalagyna EST-niň elektrik togy arkaly täsir etme bilen siňir-damarlaryň çekdirilmesi) arkaly geçirilýän bejergisi, ukynyň depriwasiýasynyň geçirilmegi. Şeýle-de lýuminissent çyralar bilen fototerapiýanyň, azotyň turşusy bilen ingalýasiýalaryň (dem aldyrylmanyň) geçirilmegi ýaly zatlaram ulanylýar. Psihoterapiýanyň (kognitiw hem toparlaýyn görnüşleriniň) geçirilmegi, neýro-lingwistik (NLP) we gaýry usullaryň ulanylmasam maslahat berilýär. Depressiýa uzaga çekende geçirilýän esasy bejergä litiýniň karbonaty ýa-da karbamazepin bilen bejerilmelerem goşmak bolar.

Psihotiki alamatlaryň badyny neýroleptikleriň (galoperidol, stelazin, etaperazin, sulpirid), seýle-de benzodiapezinleriň berilmesi bilenem ýatyryp bolar.

**Rekkurent depressiw bozulma.** *Kliniki keşbi.* Näsagyň şahsynda kesellemezinden ozal, adatça, meňzeşlik häsiýet aýratynlyklary ýüze çykarylmaýar. Keseliň geçişine dürli derejedäki güýçlülikde ýüze çykarylmalar bilen tapawutlanyp döreýän depressiw epizodlaryň gaýtalanmasy häsiýetli bolýar. Tutgaýlaryň aralygyndaky möhlet azyndan iki aýa çekip, şol döwürde gözedürtme görnüşli ähmiýete eýe bolan haýsydyr bir affektiw alamatlar bolmaýar. Epizodlaryň uzaklygy üç aýdan bir ýyla çenli çekýär. Köplenç halatda aýallarda duş gelýär. Adatça, ýaşy birçene baranlarda tutgaýlar uzaga çekme bilen häsiýetlenýär. Derdiň şahsa mahsus görnüşde ýa-da pasyllaýyn geçiş tertibi has äşgär bildirilip ýüze çykýar. Tutgaýlaryň düzümi we kysmylygy endogen depressiýalaryňka gabat gelýär. Keseliň gaýtalanma howpuny: psihoaktiw maddalaryň agdyk ulanylmasy, howsalanma alamatlary, keseliň giç başlanmasy ýaly ýagdaýlar ýokarlandyrýar. Keseliň gaýtalanma howpuny ýokarlandyrýan has agyr alamat – goşa depressiýa diýilýän ýagdaýdyr, ýagny haçan-da depression epizody distimulýasiýanyň esasynda döräninde näsaglaryň ýarysynda dürli derejedäki sosial ýagdaýlara, durmuşa uýgunlaşmanyň görnetin peselmegi ýüze çykýar.

*Kesel kesgidi.* Rekkurent depressiw bozulmanyň kesgidi goýlanda öňi bilen ähli kysymlylara umumy bolan bahalandyrylyş ölçegleriniň gyşarnyksyz geçirilmegi zerurdyr: 1) anamnezde iki hepdeden az dowam etmän geçýän islendik agyrlyk derejedäki depressiw epizodynyň biriniň bolmagy, soňky epizodyň döremegine çenli äşgär bildirýän affektiw bozulmalaryň bolmazlygynda remissiýalaryň iki aýdan az bolmadyk möhlet dowam etmegi; 2) anamnezinde (gipo) maniakal ýagdaýyň bahalandyrylyş ölceglerine gabat gelmeýän epizodlaryň bolmazlygy; 3) epizodyň psihoaktiw maddalaryň agdyk ulanylmasy ýa-da beýniniň organiki zeperlenmeleri bilen baglanyşykly bolmazlygy. Geçip duran epizodlaryň kesgidi depressiw

epizodyň agyrlygyna gabat gelýän bahalandyrylyş ölçegleri psihotiki alamatlaryň we somatiki sindromyň barlygy ýa-da ýoklugy bilen kesgitlenilýär.

*Tapawutlandyrylyş kesgidi.* Rekkurent depressiýany şizoaffektiw we organiki bozulmalardan tapawutlandyrylmaly. Şizoaffektiw bozulmalarda önjeýli başdan geçirmeleriň düzüminde şizofreniýanyň alamatlary bolýar. Organiki affektiw bozulmalarda bolsa depressiýanyň alamatlary esasy keselde (endogen, beýni çişi, ensefalitiň döreden näsazlyklary we ş.m.) bolýar.

*Bejergisi.* Depressiýalaryň bejergisini antidepressantlar, elektrik togy bilen sudoroga bermek arkaly bejermek, ukynyň depriwasiýalasy, benzodiazepinler we neýroleptikler bilen geçirilýär. Utgaşdyrylyp geçirilýän bejergide kognitiw, NLP we toparlaýyn psihoterapiýanyň berilmegi maksadalaýykdyr. Goldanylma maksady bilen geçirilýän bejergi litiýniň duzy, karbamazepin ýa-da natriniň walproatynyň uzak möhletli berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

**Keýpiň dowamly (affektiw) bozulmalary.** Şu bozulmalar dowamly görnüşde geçip, adatça, durnuksyz häsiýetli bolýar. Aýry-aýry epizodlarda şolaryň gipomaniýanyň ýa-da depressiýanyň ýeňil görnüşliliginiň kesgitlenilmegi üçin ýeterlik derejede çuňňur bolmaýar. Olaryň geçişi uzak ýyllara çekip, kähalatlarda adamyň ömrüniň ahyryna çenli aýrylman dowam edýär. Şonuň netijesinde-de şahsyň konstitusional sikloid ýa-da konstitusional depressiw görnüşli bozulmalaryny ýatladýar. Durmuşda bolup geçýän ýagdaýlardyr hadysalar we stresler bu ýagdaýy agyrlaşdyryp biler.

**Siklotimiýa.** *Epidemiologiýasy.* Bu kesel bilen erkeklere garanyňda aýallar biraz köpräk keselleýär. Köplenç halatda keseliň başlanmasy 15-25 ýaşlylarda ýüze çykýar. Kesellenilmezinden ozal adama sensitiwlilik (ýokary duýgurlylyk), galdawlygyň ýokarylygy, affektiw durnuksyzlyk häsiýetli bolýar.

*Etiologiýasy we patogenezi.* Siklotimiýa bilen MDP-niň arasynda genetiki ýakynlyk bolýar: siklotimiýaly näsaglaryň maşgala urugynda MDP-li kesellileriňkä çalymdaşlykda affektiw kesellere bolan nesil yzarlaýjylyk häsiýeti ýokarlanan bolýar. Siklotimiýanyň, takmynan, üçden bir bölegi MDP-ä syrygyp geçme bilen tamamlanýar, ýarysynda antidepressantlar bilen bejergi geçirilende gipomaniakal epizoda geçme bilen häsiýetlenip, şolaryň 60%-de litiý bilen geçirilen bejeriş gowy netijelere getirýär. Ine, hut şu ýagdaýlaram siklotimiýanyň bipolýar affektiw bozulmanyň bildirmän geçýän öçügsi görnüşidigi diýlen karara gelmäge esas berýär. Onuň dogabitdi temperamenti (joşgunlylygy) bilen utgaşdyrylmasynyň we laýyk bolan genetiki ýykgynlygynyň esasynda döreýänligini bellemäge mümkinçilik berýär.

*Klinikasy.* Hiline görä kliniki ýüze çykyşynyň düzümi MDP-niňkä çalymdaş bolup, olar diňe gözedürtme bildirmezligi ýa-da durnuksyzlygy bilen tapawutlanýar. Tapgyrlarynyň dowamlylygy MDP-niňkiden has az bolýar (2-6 gün), ýagdaýyň özgerip durmagy birsyhlylyk bilen geçmeýär, köplenç halatda duýdansyz

döreme bilen tapawutlanýar; näsaglaryň özleriniň duýgularyny bir kaddynda saklap bilmeýändiklerine gynanyp, haýplary gelýär. Näsaglaryň, takmynan, 50-60%-de epizodlar biri-birleri bilen çalşyp geçýär. 25-30%-de diňe depressiýalar, 40%-de diňe gipomaniakal tapgyry we 15%-de garyşyk görnüşlileri ýüze çykýar. Näsaglar, köplenç halatda keýpleriniň göterilen mahaly däl-de, depressiw ýagdaýa düşen wagtlary lukmana ýüz tutýarlar, ýöne şondaky kynçylyklar gipomaniakal fazadaka özlerini alyp barşynyň netijesinde döreýär.

Depressiw keýpiň döwri ýuwaş-ýuwaşdan bildirýär-de, güýç-kuwwatyň gaçanlygy we galdawlygyň peselenligi, endik edilen ruhlanylmanyň, ylhamyň we döredijilik işine bolan höwesdir güýjün peselenligi ýaly duýulýar. Bu bolsa öz nobatynda näsagyň ynamynyň gaçmagyna, özüni doly bahaly adam hökmünde duýmazlygyna, şeýle-de durmuşdyr adamlardan çekilip ýekemenlige öwrülmä getirýär. Ukusyzlyk, göwnüçökgünlik häsiýetiň durnukly sypatlaryna öwrülýär. Geçmiş we geljek ýaramaz, negatiw ýa-da ambiwalent görnüşde bahalandyrylýar. Näsagyň ukusy tutýan hem bolsa (meýmireme) uklap bilmeýänligine, şeýle-de ünsüniň bozulmagyna, onuň bolsa täze maglumatlaryň kabul edilmegine päsgelçilik döredýändigine arz edýärler. Wajyp alamatlaryň biri instinklerine basalyk berip, aýryp bilmäniň kynlaşmasy, ozalky kabul edilenlerine (iýip-içmek, jynsy gatnaşyklary geçirmek) ýa-da edilýän işleriň ýakymlylaryna degişli bolan angedoniýadyr. Epizod bikärlige ýüz urma döwri, ekzistensial boşluk ýaly kabul edilip, juda uzaga çekeninde häsiýetiň haýsydyr bir sypaty hökmünde-de bahalandyrylyp bilner.

Gipomaniakal epizodynda keýpiň göterilip galdawlygyň güýçlenmesi güýç-kuwwatyň artmagy bilen geçip, uka bolan islegdir talap azalýar. Döredijilikli oýlanylyş ýokarlanýar ýa-da ýitelýär. Şol hem özüni bahalandyrmanyň çişirilip gabardylmagyna getirýär. Näsag öz akyl-paýhasyna çendenaşa ýokary baha berip, pikirlenişiniň ýitiligini, gyjalatly ajy degişmelerini, wäşiligini, özüniň beýlekilerden juda galalygyny görkezmäge çalyşýar. Jynsy gatnaşyklara bolan küýsegi ýokarlanyp, şoňa bolan islegdir gyzyklanma artýar-da, ony amala aşyrmaga höwesi güýçlenýär, instinktiw hereketleriň beýleki görnüşlerine-de gyzyklanmasy artýar (iýip-içmäge, syýahatçylyga ýüz urmaga, ýörişler etmäge), öz çagalarynyň we hossarlarynyň gyzyklanmalaryna-da ýokary bahalandyrylma bilen çemeleşip, olaryň geýnişine, şaý-seplerine höwes edip gyzygy artýar. Geljek gülala-güllük bolup göz öňüne getirilip, geçmişde gazanylan üstünlikler diýseň çişirlip ýokary bahalandyrylýar.

*Kesel kesgidi.* Siklotimiýanyň kesgidi aşakdaky bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelende goýulýar:

• Iki ýyldan az bolmadyk möhletde dowürleýin geçýän köpsanly depressiýaly affektleriň ýa-da şolarsyz geçýän gipomaniýanyň bolmagy.

• Hut şol döwürde-de depressiw ýa-da gipomaniakal epizodlaryň hiç birisem depressiw we maniakal ýagdaýlaryň islendik derejesiniň agyrlygyna we dowam

edişiniň uzaklygynyň bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelmezligi, çünki olar öz derejelerine görä ýeňiliňkiden pes bolýar.

• Depressiw epizodlaryň bolmanda biri aşakda getirilip görkezilen alamatlaryň üçüsinden az bolmazlygy bilen häsiýetlenmeli: a) islegleriň ýa-da galdawlygyň peslemegi; b) uky bozulmalary; w) özüni bahalandyrmanyň peseldilmegi ýa-da özünde haýsydyr bir kemçiligiň barlygyny duýmaklyk; g) ünsüni, pikirini jemläp bilmäniň peselmegi; d) durmuşa uýgunlaşyp bilme ukybynyň peselmegi; e) ozal endik edilen işleri amala aşyrmakda hoşal bolmanyň peselmegi, olara gyzygyň gaçmagy, şolardan göwnüň suw içip kanagatlanmazlyk; j) söhbetdeşlige, gürleşmä bolan meýliň peselmegi.

• Gelejege göwnüçökgünlik bilen garamak ýa-da geçmişi gamgyn görnüşde ýatlamak.

• Göterilen keýpiň epizodlarynyň bolmanda biriniň aşakda getirilip görkezilen alamatlaryň üçüsi bilen häsiýetlendirilmegi: a) meýil-islegleriň ýa-da galdawlygyň ýokarlanmagy; b) uka bolan talap-islegiň peselmegi; ç) özüni bahalandyrmanyň ýokarlanmagy; d) ýitileşen ýa-da adaty bolmadyk derejedäki döredijilikli oýlanylyşyň güýçlenmeginde ýitileşen ylhamyň ýüze çykmagy; e) gürleşmäge bolan islegiň adatdan daşary ýokarlanmagy; ä) ýaňramaklygyň güýçlenip çendenaşa köp gürlenilmegi, oýun edip ýomaklar atylmagy; f) dürli görnüşdäki hereketleredir işlere gyzygyň artyp, şolardan ýerliksiz hoşal bolmak; j) gelejege çendenaşa gowy umytlary baglamak ýa-da geçmişdäki üstünlikleriň çişirilip ulaldylmagy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Bu aramlyk ýa-da ýeňil geçýän affektiw tutgaýy ýeňil görnüşli depressiw we maniakal epizodlardan, bipolýar affektiw bozulmalardan tapawutlandyrylmalydyr.

Ýeňil görnüşli depressiw hem maniakal epizodlara degişlilikde, adatça, ony anamneziň maglumatlarynyň esasynda amala aşyrmak başardýar, çünki siklotimiýadaky keýpiň durnuksyzlygy iki ýyl geçirilmän kesgitlenilmelidir. Şeýle-de, siklotimikler üçin öz janyna kast etme pikirleri häsiýetli bolmaýar. Keýpiň göterilen döwürlerinde olarda durmuş taýdan ýagdaýy has sazlaşdyrylan bolýar. Siklotimiki epizodlar psihotiki derejä ýetmeýärler, hut şol hem muny affektiw bipolýar bozulmalardan görnetin tapawutlandyrýar. Mundan başga-da, olarda keýpiň bozulma epizodlary ir, jynsy kämillik döwründäki ýaşlarynda başlanýar.

Siklotimiki kesgit goýulmagyna gipomaniakal ýa-da garyşyk ýagdaýdaky näsagyň özüni sosiopatiki (arakhorluga, promiskuitete – başda-baratly bitertip görnüşde jynsy gatnaşyk işine ýüz urmagy, dawa-jenjeller turzup, oňuşmazlyga ýykgynlygyň görkezilmegi, okuw we iş düzgün-tertipleriniň bozulyp bulaşdyrylmagyna getirmegi) alyp barşyny kynlaşdyryp, şeýle ýagdaýam gipertim, durnuksyz häsiýetli we kakynly bolan kişiniň şahs bozulmalaryna çalymdaş bolan meňzeşligini

döredýär. Bu ýerde litiý bilen geçirilen bejergä gaýtarylan jogap hökmünde siklotimiýa öz tebigatynyň gowy taraplarynyň üstünem açyp biler. Ünsüň galdawlygynyň bozulmalary bilen geçýän çaga giperkinezlerinde stimulýatorlar (tijendiriji dermanlar) alamatlary ýatyrýar, daşyndan göräýmäge bolsa siklotimiýanyň meňzeşligi şonuň ýaramazlaşmagyna getirýär.

*Bejergisi.* Siklotimiýada döreýän keýpiň bozulmasynyň epizodlarynyň öňüniň alynmagy litiý, karbamazepin ýa-da natriýniň wolproaty arkaly amala aşyrylýar. Şu preparatlary keýpiň göterilen ýagdaýyny bejermekde-de ulansa bolýar, ýöne ol önjeýliligiň ýokarlanmasy bilen geçýäninde welin, bulary ulanmak maksadalaýyk däldir. Keýpiň peselmesi bilen geçýänlerinde prozak bilen, ukynyň depriwasiýasy arkaly bejergi geçirmek maslahat berilýär. Kähalatlarda azot zakisiniň 2-3 seansy, dartgynlygyň amital kofein natriý synagy arkaly gowşadylmagy we nowokain ergininiň damara goýberilmegi gowy netijelere getirýär.

**Distimiýa.** *Etiologiýasy.* Näsaglarda affektiw patologiýa nesil yzarlaýjylykly ýagdaýyň ýokarylygy bilen häsiýetlenip, antidepressantlar bilen bejermek gowy netijeleri berýär. Şol sebäplem distimiýa rekkurent depressiw bozulmasynyň çala bildirýän öçügsi görnüşi saýylýar. Bozulmanyň sebäbi dogabitdi temperament (joşgunlylyk) pesligi, şahsyň çagalyk döwründäki ösüşinde bolup geçýän bozulmalar bilen baglanyşykly bolup, şolaryňam soňra adamyň durmuşa uýgunlaşyp bilmesini kynlaşdyrmasydyr diýen çaklamalaram bar. Häsiýetli bolan şahsy aýratynlyklar özüne baha berşiniň pesligi, angedoniýa we intrawersiýadyr (ünsüni öz içki dünýäsine, şahsy pikirlerine, jan agyrlaryna gönükdirmek).

*Kliniki keşbi.* Rekkurent depressiw bozulmasyndan distimiýany düzüminiň, hiliniň pesligi däl-de, agyrlygynyň ýeterlik derejede dälligi, alamatlarynyň durnuksyzlygy tapawutlandyrýar. Epizodlarynyň käbirlerinde ýagdaýyň agyrlygy üýtgäp, özgeribem biler. Näsaglar şumjaragan, gaýgy-gamly, oý-pikirlere batagan, gürlemezek, göwünleri çökgün sus bolýarlar. Kämillik ýaşyndan geçiberen (post pubertat) ýetginjeklere ukypsyz stresleriň (kalbynadyr psihikasyna agram salynmalaryň) täsirinden iki ýyldan az bolmadyk möhletiň dowamynda täsir etmegi olarda hemişelik ýa-da wagtlaýyn geçýän depressiw keýpli döwürleri döredýär. Şolaryň aralyklaryndaky adaty gowy keýplilik döwrüniň dowamlylygy birnäçe hepdeden aňry geçmeýär – şahsyň keýpi durşy bilen subdepressiýa gaplanan ýaly bolýar. Ýöne şeýle bolsa-da depressiýanyň derejesi ýeňil görnüşli rekkurent bozulmanyň derejesinden pes bolýar. Esasy affektiň täsirinde näsaglar töweregindäkileriň üstünden gülegen, hemme zada umydyny ýitiren, bolmajak zatlary talap edegen, ýakyn adamlary we işdeş ýoldaşlary bilen arasynyň erbetligi barada, durmuşda özüne mynasyp orny tapmanlygyndan zeýrenip, häli-şindi şikaýat edegen bolýar. Goşmaça dörän alamatlaryň arasynda işdäniň kemelmegi, öz saglygyň barada gaýgylanyp ýüregedüşgünç ilgezik pikirleridir gaýgy-gama

batmak ýalylary peýda bolýar. Jynsy gatnaşyga bolan ukybyň bozulmalary we aragatnaşyklaryň oňaýly döredilmezligi maşgala durmuşyna awy gatyp, maşgala agzalarynyň arasynda oňuşmazlyga getirip kynçylyklary döredýär. Adamlar bilen adaty hoşamaýlykly aragatnaşyklary saklamasynyň kynlaşmasy, ünsüni möhüm we derwaýys bolmadyk zatlara dikmek ýüze çykýar. Dörän ipohondriki fiksasiýa bolsa käriň boýunça wezipäniň amala aşyrylmagyny, adaty işlere uýgunlaşmagy kynlaşdyrýar.

Ukuçyllyk we işdäniň ýokarlanmagy, äşgär bildirýän howsala düşme we köpsanly süňňi bimazalyklaryň duýulmagy bilen geçýän distimiýanyň sindromy adaty däl depressiýa ýa-da isteroid disforiýalar hökmünde bellenilýär. Öz janyna kast etme howpunyň döremegem ähtimaldyr.

*Kesel kesgidi.* Distimiýa kesgit goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilip görkezilen bahalandyrylyş ölçeglerine laýyk gelmelidir:

• Iki ýyldan az bolmadyk möhletiň dowamynda aýrylman saklanýan ýa-da gaýtalanyp durýan depressiw keýpiň bolmagy. Adaty gowy keýpiň saklanylyşy birnäçe hepdeden aňry seýrek geçýär.

• Bahalandyrylyş ölçegleri depressiýa epizodynyň ýeňil görnüşlisine gabat gelmeýär, çünki munda janyna kast edip, özüni heläkleme pikirleri bolmaýar.

• Depressiýanyň geciş döwründe asakda getirilip görkezilen alamatlaryň azyndan üçüsi ýüze çykarylmaly: a) güýç-kuwwatyň gaçmagy, galdawlygyň peselmegi; b) ukysyzlyk; w) özüne bolan ynamyň gaçmagy ýa-da doly bahaly adam däl ýaly duýmaklyk; g) ünsüňi jemläp bilmekligiň kynlaşmasy; e) jynsy gatnaşyga höwesiň gaçmagy ýa-da şondan adaty lezzet alyp bilmezlik.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Muny depressiw epizodyň ýeňil görnüşinden, psihoaktiw maddalaryň agdyk ulanylmagyndan döränlerden, Alsgeýmeriň keseliniň başky tapgyryndan tapawutlandyrmalydyr. Depressiw epizodyň ýeňil görnüşlisinde öz janyna kast etme pikirleri hem-de şoňa görnetin ýykgynlylyk bolýar. Distimiýany psihoaktiw maddalaryň agdyk ulanylmagyndan dörän keselden tapawutlandyrmak diýseň çetin bolýar, çünki bir tarapdan-a distimiýa narkotizasiýa eltýär, beýleki bir tarapdan – psihoaktiw maddalaryň ulanylmagy distimiýadan tapawutlanmaýan ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirýär. Alsgeýmeriň keselinde we gaýry organiki bozulmalarda depressiýalar uzaga çekegen bolýar, organiki bozulmalaryň bolsa neýropsihologiki we gaýry usullary geçirip, üstüni açyp bolýar.

*Bejergisi.* Keýpi gowulaşanda prozak ýa-da flýuanksol (az mukdarda) bellenilse bolar, şeýle-de ukynyň depriwasiýasy we psihoterapiýa geçirilýär. Azot zakisiniň 2-3 seansyny geçirmek, amital kofein natriý synag usuly arkaly dartgynlygyň aýrylmagy we damara nowokain ergininiň goýberilmegi, şeýle-de nootroplar bilen bejerginiň geçirilmegem gowy netijeleri berýär.

## 22-nji bap. Stres bilen baglanyşykly bolan newrotiki we somatoform bozulmalar

Bozulmalaryň bu topary aglaba psihologiki sebäpler we daşarky şertler bilen baglanyşykly bolup, munda psihiki şikeslenmäniň otnositel häsiýeti göz öňünde tutulmalydyr.

Psihiki keselleriň kesgidi ýöredilýän däbe görä, bir tarapdan psihiki şikeslenmäge ýetirýän ýagdaýyň, beýleki bir tarapdan bolsa psihiki bozulmalaryň geçişiniň we kliniki ýüze çykarylyşynyň bellige dogry alnylyşy bilen içgin baglanyşyklylygyna esaslandyrylýar. Şu baglanyşyk has takyk görnüşde K. Ýaspersiň (1910) «üçlüginde» görkezilýär:

– psihogen keseller diňe psihiki şikeslenme täsir edenden soň döreýär;

– keseliň ýüze çykyp bildirişi psihiki şikeslenmäniň mazmunyndan gönümel gelip çykyp, şolaryň arasynda psihologiki düşnükli baglanyşyk bolýar;

– keseliň geçişi psihiki şikeslenmäniň ýüze çykyşy bilen içgin baglanyşykly bolup; psihiki şikeslenmäni bejermek keseliň ýüze çykyşyny togtadýar ýa-da keseliň ep-esli derejede gowulanmagyna getirýär.

Bahalandyrylyşyň şu ölçegleri häzirki wagta çenli öz ähmiýetini ýitirmedik hem bolsa, olaryň ulanylmagy käbir halatlarda kynçylyklaryň döremegi bilen baglanyşykly bolýar. Psihotrawmany ýetirýän ýagdaý bilen psihiki bozulmanyň arasyndaky baglanyşyk ýiti psihogen psihozlar döräninde hasam aýdyň ýüze çykýar. Psihotiki bolmadyk ýumşak bozulmalarda (newrozlarda), adatça, psihotrawma uzak wagtlap saklanýar-da, şolam keseliň dörän wagty bilen patogen ýagdaýyň laýyklaşdyrylyp getirilmegini kynlaşdyrýar.

Näsagyň özi dörän bozulmalar bilen psihiki şikeslenmäniň (psihotrawmanyň) baglanyşygyna düşünmäge hemme wagtda ukyply bolmaýar, çünki newrotiki bozulmalarda, adatça, psihologiki goranylyşyň mehanizmleri işjeň (affektiň çetleşdirilmegi, bölünilip dargadylmagy, gysylyp çykarylmagy, konwersiýa – üýtgemek, rasionalizasiýalaşdyrmak – täzelemek we ş.m.) ulanylýar. Şolaram isleseňislemeseň adamyň aňyndan emosional taýdan ýakymsyz bolan maglumatlardyr pikirleri gysyp çykarýar-da, onuň psihiki deňagramlylygynyň saklanmagyna ýardam edýär. Şeýle-de, goraýjy mehanizmleriň täsiriniň ýüze çykmagy psihiki şikeslenme bilen keseliň ýüze çykyşynyň aralygyndaky psihologiki düşnükli bolan baglanyşygyň aýrylyp ýok edilmegine-de getirýär.

Bir görnüşdäki wakaly ýagdaýlarda döreýän psihogen keselleriň adamlaryň uçdantutma barynda döremeýänligem hasaba alynmalydyr. Bu bolsa psihogeniýalaryň döremeginde adamyň hususy şahsy aýratynlyklarynyň dogabitdi psihofiziologiki konstitusional häsiýetleriňdir sypatynyň (temperamentiniň) uly ähmiýete eýeligine güwä geçýär. Nesil yzarlaýjy ýagdaýlaryň gatnaşygy geneologiki barlaglaryň

geçirilmegi we ekiz taýlaryň kesellegenliginiň anyklanylma derňewi geçirme arkaly tassyklanylýar.

Bu bolsa endogen we psihogen keselleriň arasyndaky çägiň şertliligini ýene-de bir gezek tassyklaýar.

Nerw ulgamyny gowşadýan keseller – kelleçanak – beýni şikeslenmeleri, ýokanç keseller, zäherlenmeler, bedeniň iç agzalarynyň we şire bölüp çykarýan içki mäzleriň keselleri, şeýle-de uzak wagtlap ukynyň ine-gana alynmazlygy, çendenaşa ýadawlykdan tapdan düşüp usurgama, iýmit iýilmesindäki kemçilikleri, emosional dartgynlyk – bu ýagdaýlaryň psihogen kesellerine bolan ýykgynlygy artdyrýar.

**Howsalaly – fobiki (gorkuly) bozulmalar.** Belli bir takyk, ýüregedüşgünç ilgezik gorky we howsala hem wegetatiw disfunksiýalar bilen geçýän ýagdaýlarda döreýär. Netijede şeýle ýagdaýly wakalardan we zatlardan sowa geçiriljek bolunýar ýa-da şolar howsalaly gorky duýgusy bilen geçirilýär. Şonda näsagyň özüni alyp barşy geçýän wakalara laýyk häsiýetli bolýar. Fobiýalardaky gorky kondionally bolýar, ýagny olar belli bir şertlerde döräp, şolardan daşarky ýagdaýlarda emele gelmeýär.

**Agorafobiýa.** Agora (bazar meýdany), fobiýa (gorky). Boş meýdanlardan gorkmak, açyk giň ýerlerden, uly meýdanlardan geçmeden, şeýle-de şolarda duş gelýän adamlardan gorkmak.

*Epidemiologiýasy.* Edebiýat maglumatlaryna görä, ilatyň 10-20%-i öz ömrüniň dowamynda bir ýa-da birnäçe gezek uly dowula salýan gorkulary başdan geçirýär. Näsaglanlar ilatyň 0,6%-ne barabar bolýar. Keseliň başlanylyşy kämillik ýaşyna ýetilýän döwürde geçip, soňra ýuwaş-ýuwaşdan beterleşýär. Ýöne, köplenç halatda bozulma 25-30 ýaşlarda peýda bolup, soňra tiz beterleýär; bularyň arasynda aýallaryň sany agdyklyk edýär (takmynan 2:1-e barabar). Näsaglaryň milletine we bilim derejesine baglylykdaky tapawutlanma ýüze çykarylmady.

*Etiologiýasy we patogenezi.* Agorafobiýanyň biologiki sebäbi kateholaminleriň derejesiniň köpelmegi, beta-adrenergiki reseptorlaryň tijendirişiniň uçursyz ýokarylygy bilen baglanyşykly bolup, gammaaminýag kislotasynyň (GAÝK) metabolizmini kadalaşdyrýan, şeýle-de serotoniniň hem-de laktatyň çykarylyşyny güýçlendirýän we ganda kalsiýniň mukdaryny azaldýan reseptorlaryň blokadasy bilen baglanyşyklydyr. Howsalaly bozulmalarda bedene agram salynmanyň çydalyp göterilişi peselýär-de, şoňa hem näsag süýt kislotasyny köp çykarmasy bilen jogap berýär. Bozulmalaryň genetiki, esasan, bardyr. Agorafobiýa bilen keselleýän näsaglaryň hossarlarynyň, takmynan, 20%-i şeýle bozulma uçranlardyr. Fobiki bozulmalaryň döreme sebäpleriniň psihodinamiki nazaryýetiniň düýbüni tutan Freýdiň pikiriçe fobiýalaryň esasyny (teýini) tutýan zat dowula salyp, haýýadyňy göçürýän galagoply gorky tutgaýy bolup, şonuňam näsagyň nukdaýnazaryndan özboluşly çykgynsyz ýagdaýy döretmegidir. Fobiýa dezadaptiw (uýgunlaşyp bilmäni bozýan) goraýjy usul hökmünde garalyp, olam pajygaly dawaly ýagdaýyň,

islegiň kanagatlandyrylman daşarky howp bilen aralygynda döräp, başda dowul turuzyp, gorkuly tutgaý bilen geçende dörän, şol ýagdaýdan çykmaga mümkinçilik berýär. Gorag islegiň mazmunyna we gönükdirilmegine bolan düşünjäniň ýatyrylyp, onuň hakyky çeşmesiniň aramlyk zat bilen çalşyrylyp dereginiň tutdurylmagyndan, soňra bolsa şondan sowa geçip bilinmesinden ybaratdyr. Soňra welin çalşyrylan şol deregi tutujy zat howsala tutgaýlaryň ýüze çykma howpuny döredýän şertine öwrülýär.

*Kliniki keşbi.* Bozulma köplenç halatda, näsagyň gündelik durmuşynda bolýan emosional hem süňňi dartgynlyklar dörände, agyr iş amala aşyrylyp, jynsy gatnaşyklarda süňňe agram salnanda, aramlyk durmuşy stresler dörände, şeýle psihiki şikeslenme salynýan ýagdaýlarda (agyr kesel, haýsydyr bir betbagtçylyga uçramak, ýakyn adamlaryň ýogalmagy ýa-da şolar bilen uzak wagtlap aýrylyşmak, çaga dogrulandan soňra ilkinji günler, ilkinji gezek narkotikler ulanylanda) dowula salyp, güýçli gorky bilen başlanýar. Howsala ýokary derejä ýetende näsaglaryň kalbyny birden ýüregi durup öläýme ýa-da demikmeden heläk bolaýma, ýeldirgemeden heder etme ýaly gorkular gaplaýar. Olar tiz kömegi çagyryp, keseliň anyklanylmagy babatdaky barlaglaryň geçirilmegini tutanýerlilik bilen talap edýärler.

Alamatlaryň güýçlenip ýokary derejä ýetmegi 10 minut geçip-geçmänkä tamamlanýar, tutgaýyň umumy dowamlylygy bolsa 20-30 minuda, seýregräk bir sagada çekýär. Eger-de näsag tutgaýyň has uzaga çekýänligini aýtsa, onda gürrüň hut tutgaý barada bolman, aşakda getirilip görkezilýän ýagdaýlaryň haýsam bolsa biri barada gidýär: tutgaýdan soň birnäçe sagat dowam edýän göçgünlikli ýa-da endam-janyň kül-uşak bolan ýaly bitaplygyň, agraslygyň duýulmagy, howsala salyp haýýadyny göçürýän gorkularyň tolkun atyş görnüşinde birnäçe gezek gaýtalanmagy; munuň özi aslyýetinde-de haýýadyň göçürip dowula salýan gorkuzyjy gowgaly tutgaý däldir (meselem, güýçli hereketlenmeler bilen geçýän depressiýa ýaly). Tutgaýlar bolup geçeninde näsaglar nämeden gorkýandyklaryny düşündirip bilmeýärler-de, dürli derejedäki güýçlülikde ünslerini jemläp bilmeýändiklerini, gürläp bilmesiniň bozulanlygyny, huşunyň peselenligini aýdyp, şolary ýüze çykarmaga çalyşýarlar. Tutgaýlaryň ýygjamlygy birmeňzeş bolman, her günde hem birnäçe aýdan bir gezegem bolup biler. Köplenç halatda geçişi uzaga çekýän dowamly görnüşli bolýar-da, ýöne aralyklarynda ýyla çekýän gowulaşmalaram bolup biler.

Öz janyna kast etme howpy affektiw näsaglylaryňkydan pes bolmaýar-da, ol erkeklerde has-da äşgär ýüze çykýar. Alamatlar tiz ýa-da ýuwaş-ýuwaşdan aýrylyşyp gidýär.

Soňra haýýadyny göçürip howsala salýan dowully gorkularyň yzly-yzyna bolup geçen epizodlaryndan soň tutgaýlaryň gaýtadan döremegine bolan gorky durnuklanyp, agorafobiýalara adaty häsiýetli bolan ýagdaý döreýär, ýagny tutgaý tutanynda näsag tiz kömegiň ýetirip bilinäýjek ýerlerinden daşlaşman, şolardan sowa durmaýar. Näsag ýekelikde öýde galmakdan ýa-da gapdalynda ýakynlaryndan biri

bolmasa, uzak ýerlerde bolmakdan howatyrlanýar. Bular ýaly näsagyň gorkuly hasaplaýan ýerlerine köçelerdäki adamlaryň üýşen ýerleri, teatryň zallary, köprüler, tonneller, liftler, ýapyk transport, aýratyn-da metro bilen uçarlar degişli. Ýagdaý juda agyr görnüşlerde geçende näsaglar öýden daşa çykmakdan boýun gaçyrýarlar. Ýöne kähalatlarda ýüregi bilen ynam edýän adamsy bilen diňe bir öýden çykman, eýsem şonuň bilen uzak ýerlere-de gidip bilýär. Tutgaýlar öz-özünden döräp ýa-da näsagy tolgundyryp howsala salýan ýagdaýlarda döreýär. Agorafobiýa bejergi geçirilmese, dowamly görnüşe öwrülip uzaga çekýär-de, näsagy maýyplyga getirýär. Köplenç halatda alamatlaryň suratlanyşynda döreýän ikinji nobatly depressiýany çylşyrymlaşdyrýar. Şeýle ýagdaý meýli içgileri, sedatiw (köşeşdiriji) serişdeleri ulanmaklyga ýykgyn edýänleriň 60%-de köpsanly somatiki alamatlaryň peýda bolmagynda döreýär.

*Kesel kesgidi.* Agorafobiýalaryň döremegine: 1) äşgär ýüze çykýan durnukly gorky ýa-da aşakda getirilip görkezilen ýagdaýlaryň bolmanda ikisinden gaça durmaly: a) adamlaryň üýşmeleňli toparlaryndan; b) jemgyýetçilik ýerlerinden; w) nirädir bir ýerlere ýeke özüň gitmekden; ç) öýden uzak bolan ýerlere gitmekden. 2) näsaga howp salýan ýagdaýlarda dörän bozulmadan soň aşakda getirilip görkezilen wegetatiw we gaýry alamatlaryň bolmanda bir gezek bilelikde ýüze çykmagy: a) ýüregiň çalt urup başlamasy; b) der basmak; ç) sandyrama; d) dermandan ýa-da suwsuzlyk teşneliginden döremedik agzyň kepäp durmasy; e) sojama; ä) dem gysmany duýma; f) kükrekde ýakymsyz duýgularyň ýa-da agyrylaryň döremegi; g) ögemek ýa-da aşgazanynda ýakymsyz duýgularyň peýda bolmagy; h) baş aýlanma, ysgynsyzlyk, ýöräninde aýaklaryny ynamsyzlyk bilen basmak; k) derealizasiýa we depersonalizasiýa alamatlaryň peýda bolmagy; l) özüne bolan erk-ygtyýaryny ýitirmeden, aň-huşy üýtgäp ýeldiremeden gorkmak; m) ölümden gorkmak; n) endamyň gyzyp, sowap durmasy; p) paresteziýalar. 3) Howsalanmanyň we ençeme zatdan sowa durma çalyşmanyň netijesinde döräp äşgär bildirýän oňaýsyz emosional ýagdaýyň duýulmagy we şonuňam zyýanlydygyny hem edähede laýyk gelmezligine näsagyň göz ýetirmegi.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Köplenç halatda affektiw bozulmalar bilen tapawutlandyrylmaly bolýar. Agorafobiýada bolýan depressiw alamatlar, adatça, ýaýbaňlandyrylmadyk bolup, şolara endogen stigmatizasiýasy (kakyn tutma ýykgyn etdirilmesi) affektiň gije-gündizdäki ritmikasy, angedoniýa, gyzyklanmalaryň peselmegi ýaly alamatlar häsiýetli bolmaýar. Wagtyndan ir oýanmanyň däl-de, uka gidibilmäniň kynlaşmasy häsiýetli bolýar. Agorafobiýaly näsaglar başga bir ýerlere gidip, nämedir bir zatlar bilen güýmenmek üçin öýlerini taşlap gitmeklerine taýyndyklaryny aýdýan bolsalar, depressiwli näsaglar öýde galanlaryny kem görmeýärler. Çünki olar hiç bir iş bilen gyzyklanmaýandyklaryny, şondan lezzet alyp bilmejekdiklerini gynanç bilen tekrarlaýarlar. Haýýadyňy göçürip gorkuly dowula salýan tutgaýlar bilen geçýän

adaty bolmadyk depressiýaly näsaglar agorafobiýa häsiýetli bolan gorkuly zatlardan sowa durmany halamaýar.

*Bejergisi.* Agorafobiýanyň haýýadyny göçürip gorkuly dowula salma bilen geçýän görnüşleri özüni alyp barşyny düzetme we psihoterapiýa bilen bejerilip bilner. Howsalaly epizodlaryň, hatda aramlygrak güýçlüleri bolanda-da, şol ýagdaý utgaşdyrylan bejerginiň geçirilmegine görkezme bolýar: haýýadyňy göçürip gorkuly dowula gaplaýan tutgaýlar dermanlar arkaly ýatyrylyp, aralykdaky gorkuly zatlardan özüni sowa saklanylma bilen geçýän tutgaýlar psihoterapiýa we özüni alyp barşyň düzeldilmegi arkaly ýatyrylýar. Haýýadyny göçürip howsalaly dowula salýan tutgaýlaryň ýatyrylmagy näsaga onuň howsalasyny güýçlendirýän ýagdaýlarda uzak bolup bilmek mümkinçiligini artdyrýar: şonda näsagyň şeýle ýagdaýlarda howsala düşmän, saklanyp bilmek tejribesi öz nobatynda gorka garaşma, tutgaýlaryň gaýtalanma ähtimallygynyň birahatlandyryp, howsala salyp durmasyny aýyrýar.

Haýýadyny göçürip gorkuly dowula salýan epizodlaryň gözegçilige alynmagy üçin ulanylýan esasy preparatlar trisikliki antidepressantlar (imipramin, nortriptilin, klomipramin, amitriptilin), MAO-nyň ingibitorlary (befol, moklobemid), benzodiazepin trankwilizatorlary (alprozalam, diazepam), serotoniniň selektiw ingibirleýän antidepressantlary (fluoksetin, fluwoksamin, sertramin, sitalopram, paroksetin) ulanylýar.

**Sosial fobiýalar.** *Epidemiologiýasy*. Näsaglaryň umumy sany ilatyň 3-5%-ne barabar bolýar, kesellänleriň sanynyň jyns boýunça tapawutlanylyşynyň aýratynlygy ýüze çykarylmaýar. Bozulma agorafobiýadan ir, ýetginjeklik ýaşyna girilen döwürlerde başlanýar.

*Etiologiýasy we patogenezi.* Kesellenmezinden ozalky döwürde maşgalada ýowuz terbiýe berilme, göwnüni götermek üçin ata-eneler çagalaryna sowgatlyklar – sylag etmänsoň kalplary galkyndyrylyp durulmaýan cagalarda göwnüçökgünlik döräp, özüne kembaha garamagyna, her edip-hesip edip töwerekdäkileriň ünslerini özlerine çekip, özleri bilen gyzyklanmalaryny, minnetdarlyklaryny bildirmeklerini gazanmaga bolan iterginiň güýçlenmegine getirýär. Kesel, köplenç halatda ýetginjeklik döwründe başlanyp, synp tagtasynyň öňünde jogap bermekden ýa-da başga bir bahalandyrylyşlar aralanylyp şolar bilen baglanyşykda ýaýdanmak, özüne ynamyň bolmazlyk, özüni deň-duşlaryndan pes duýmaklyk ýaly duýgy-pikirler döräp, solaram onda reflektor görnüşde berkidilýär.

*Kliniki keşbi.* Keseliň esasy mazmuny töwerekleýän adamlaryň öňünde utanjyň we aljyraňňylygyň peýda bolmagyndan döreýän gorkmadan ybaratdyr. Keseliň başlanmazynyň öň ýanynda itergi berýän psihiki şikeslenmeleri döredýän ýagdaýyň ýüze çykmagy hem mümkindir. Ýöne şeýle bolsa-da ol hiç bir goşmaça ýaramaz täsirsiz pursatly bolup, ýuwaş-ýuwaşdan öz-özünden hem döräp biler. Näsaglar adamlaryň gözüniň alnynda haýsydyr bir hereketleri edenlerinde ýaňsa alnyp

üstlerinden gülünmekden heder edip, geplemeden, hat ýazmadan, iýip-içmekden, köpçüligiň hajathanasyna girmekden, şagalaňly toý-tomaşalara, dabaraly jemgyýetçilik çäreleri geçirilýän ýerlere barmakdan çekinýärler. Gorky diňe bir ýeke-täk zat babatda-da kesgitli bir ýagdaýlarda (meselem, kopçüligiň öňünde çykyş edileninde) ýa-da ähli zada degişlilikde-de bolup biler. Ähmiýeti ýokary bolan ýerlerde bolmak haýýadyny göçürip gorkuly dowula salýan tutgaýly düzümi tapawutlanýan alamatlaryň peýda bolmagy bilen häsiýetlenip geçýän (meselem, ýüzüň gyzarmagyny duýmak ýa-da buşugasyň gelmegi, kükregiňe basylyp durlan ýaly agram salynmany duýmak ýaly ýagdaýlar has ýygjam duş gelýän) ýagdaý döreýär. Özüne kembaha garamagyň döremegine garaşma gorkusy töwerekdäkilere aýan bolup, ýaňsa alnylma getirip, üstünden gülünme gorkusynyň bolmagy şu ýagdaýa adaty bolýar. Muňa näsaglaryň özleriniň mertebesini peseldip, kembaha garamagam häsiýetli bolýar. Gorka hemişe-de esaslandyrylmadyk zat hem paýhaslylyk ýagdaýy ýaly alasarmaklyga düşünilýär. Kesel agyr görnüşde geçende gorky haýýadyny göçürip howsalaly dowula salýan tutgaýlaryň döreme derejesine ýetirilip, köpçülikden aranyň açylyp ýekemene öwrülmäge, işinedir wezipesine uýgunlaşyp bilmekligiň ýok edilmegine getirýär. Onuň başky tapgyrlarynda şu ýagdaýdan dynma maksady bilen meýli içgilere ýüz urulmagy ýagdaýy agyrlaşdyryp, aýratyn görnüşli goşmaça hyýallary döredýär. Kähalatlarda näsagyň ähmiýeti ýokary bolan ýerlerden gaça durmagy onuň öz ornuny tapyp, gündelik durmuşa uýgunlaşyp bilmesiniň üstünlikli çözülmegine getirýär. Keseliň geçişi dowamly görnüşli bolup, orta ýaşlylarda ýagdaýyň gowşaşyp gowulaşma ýykgyn etmegi bolýar.

*Kesel kesgidi.* Sosial fobiýa ýagdaýyň asakda getirilip görkezilen bahalandyrylyş ölçeglerine laýyk geleninde goýulýar: 1) bolmanda şu alamatlaryň hatda biriniň gabat gelmegi: a) äşgär bolan gorky üns merkezinde durýar ýa-da töwerekdäkileriň ýazgarmaly garamagy bilen geçýär; b) hatarly zatlardan gaça durmak üns merkezinde bolýar ýa-da özüne töwerekdäkileriň ýazgaryp aýyplanmaly garaýşynyň döreme gorkusy peýda bolýan ýagdaýlarynda; 2) howp salýan ýagdaýlarda bozulmanyň başky tapgyrynda bolmanda bir gezek agorafobiýa degişli bolan bahalandyrylyş ölçegleriniň ikisiniň, seýle-de aşakda getirilip görkezilenleriň bolmanda biriniň bolmagy: a) ýüzüň gyzarmagy we sandyrama; b) gusmadan gorkma; ç) buşugma ýa-da uly täreti etmä bolan islegiň döremegi ýa-da şol islegleriň döreme howpunyň peýda bolmagyndan heder etmek.

*Bejergisi.* Dermanlar bilen geçirilýän bejergileriň netijesizligi sebäpli psihoterapiýadan peýdalanma maslahat berilýär (psihoanaliz, psihodrama, geştalt-terapiýa, NLP). Mundan başga-da durmuşda özüňi alyp baryş endikleriniň türgenleşdirilmesiniň geçirilmegindenem peýdalansa bolar.

**Spesifiki izolirlenen fobiýalar.** *Epidemiologiýasy.* Spesifiki fobiýalar sosial fobiýalara garanda ýygy duş gelip, näsaglaýanlaryň dürli maglumatlarda getirilýän çaky ilatyň 5-12%-ne barabar bolýar. Bozulma irki cagalyk döwründenem (4-5

ýaşlylarda) başlanyp biler, meselem, gürrüň haýwanlardan gorkma barada gideninde) ýa-da gijräk (25-30 ýaşlarda) döreýär.

*Etiologiýasy.* Gorky geçmişde howp salan belli bir hakyky zatda jemlenendir. Cagalarda gorkyny döredýän yşarat hökmünde, megerem, onuň haýsydyr ýakyn adamsynyň, meselem, ata-enesiniň bolýanlygy hem ähtimaldyr.

*Kliniki keşbi.* Näsaglar gorkyny belli bir takyk zat bilen, keseller, ýagdaýlardyr wakalar we hereketler bilen baglanyşdyryp suratlandyrýarlar.

Sindrom psihiki şikeslenmesini ýetirýän ýagdaýyň howpunyň peýda bolmagyndan ýaýdanyp, şol ýagdaýyň täsir edýän pursady öte gorka düşürip, dowully ýagdaýa ýetirip biljek tutgaýyň döremeginden heder edilip, howsala düşmekden we ondan gaça durup, sowa geçme hereketlerini etmekden düzülendir. Muňa haýwanlardan (köplenç halatda itlerden, möýlerden we ýylanlardan), beýiklikden, ýapyk ýerlerden, synaglardan, gök gübürdisinden, uçarlarda uçmakdan, köpçülik hajathanalarda buşugmakdan we uly täreti etmekden, gany ýa-da ýaralary görmekden, haýsydyr bir kesel bilen keselleme gorkusyndan, ulag sürmekden gorkmak ýalylar girizilýär. Agorafobiýalardan we sosial fobiýalardan tapawutlylykda, onda psihopatologiki alamatlar bolmaýar. Köplenç halatda, belli bir kesgitli zadyň özi gorkyny döretmän, şonuň bilen galtaşylmanyň netijesinde peýda bolýan soňky ýagdaýlaryň täsir etmeginden döreýär. Näsaglar özlerinde dörän şübhelenmeleriňdir howsalanyň çişirilenligine, hakykata laýyk gelmeýänligine gözleri ýetip dursa-da, söz bilen düşündirmedir ynandyrma arkaly olaryň gorkusyny aýryp bolmaýar. Kesel dowamly görnüşde geçmä häsiýetli bolup, ýöne öz-özünden gowulaşýan wagtlaram duş gelýär. Durmuşa uýgunlaşyp bilmek fobiýalaryň mazmunyna we şony döredýän ýagdaýlardan sowlup bilmeklige bagly bolýar.

*Kesel kesgidi.* Spesifiki fobiýalaryň kesgidi ýagdaýyň sosial fobiýalaryň bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelmeginde we oňa sosial agorafobiýalaryň girizilmän geçirilmeginiň esasynda goýulýar. Şizofreniýadaky fobiki alamatlardan bu bozulmany tapawutlandyrmakda başdan geçirilýän gorkynyň esassyz pähimsizligi fobiýalaryň mazmunynda nakys aýnylygyň, geň-enaýy çylşyrymlaşdyrylmalaryň we şizofreniýanyň gaýry alamatlarynyň bolmazlygy ýardam edýär.

*Bejergisi.* Psihoterapiýanyň (NLP, psihodrama, gipnoz, autotrening, psihoanaliz), şeýle-de trankwilizatorlar bilen bejerginiň geçirilmegi maslahat berilýär.

**Gaýry görnüşdäki howsalaly bozulmalar.** Howsalanyň döräp geçýän bozulmalary esasy alamatlar bolup, aýratyn ýagdaýyň döremegi bilen çäklenmeýär. Şeýle-de depressiw we obsessiw alamatlar, hatda fobiki howsalanmanyň käbir elementleri hem bolup biler, ýöne şolar ikinji derejeli bolup, gaty bir agyr görnüşde ýüze çykmaýar.

**Dowul görnüşli (paniki) bozulmalar (epizodiki paroksizmal howsala).** *Etiologiýasy.* Howsalaly bozulmalaryň döremegine genetiki ýagdaýlaryň sebäp bolýanlygyny tassyklaýan maglumatlar bar (ýakyn hossarlaryň 15%-i şu kesel bilen

keselleýärler). Bu bozulma psihoanaliz howsalany döredýän destruktiw impulslaryň garşysyna geçirilýän oýlanyşyksyz hem netijesiz goranylyşyň amala aşyrylyşy diýlen nukdaýnazar bilen garalýar.

*Kliniki keşbi.* Dowul döredip galagoplyga salýan ýagdaýyň döreýşi öz-özünden bolup, ýöne kähalatlarda göçgünliligiň, süňňi dartgynlygyň döremeginde, jynsy gatnaşyk işine bolan galdawlygyň ýokarlanmagyndan hem döräp biler. Esasy alamatlary: uçursyz güýçli gorky we tahikardiýa, demiň-demiňe ýetişmän sojama, güýçli derleme bilen geçýän üstüňe abanyp gelýän ölüm howpuny duýmakdyr. Näsag tutgaýyň dörän ýerinden gaçyp gitmäge synanyşyp, zeýrenip, jibrinip kömek soraýar. Uzaga çekişi bir sagada ýetip tutgaýlaryň aralygynda şol zatlaryň gaýtalanmagyna howsala bilen gorkuly garaşma ýagdaýy döreýär. Kofein agdyk ulanylanynda tutgaýlaryň ýygjamlygy artyp, kähalatlarda ilkinji tutgaýlar hut kofein ulanylanyndan soň döreýär.

Näsaglaryň 50%-de öz-özünden sagalma ýüze cykýar, 20%-de galagoply dowula salýan tutgaýlar dowam edýär, 30%-de bolsa depressiýa, öz janyna kast edip heläklenme howpy, meýli içgilere we neşelere endik etme bilen çylşyrymlaşdyrylyp, neşe bilen meýli içgileriň ulanylmagy alamatlaryň wagtlaýyn ýok edilmegine getirýär. Şol bir wagtda-da obsessiw kompulsiw bozulmalar, sosial we maşgala ýagdaýyna uýgunlaşylmasynyň bozulmalaram doräp biler. Kähalatlarda newropatologlar bu ýagdaýy neýrosirkulýator distoniýa diýip nädogry kesgitleýärler.

*Kesel kesgidi.* Epizodiki paroksizmal howsalasy ýagdaýyň aşakda görkezilen bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelmeginiň esasynda goýulýar:

• Howsala döredip galagopluga salýan tutgaýlaryň, köplenç halatda öz-özünden döräp, spesifiki ýagdaýlar ýa-da belli bir kesgitli zatlar, süňňi dartgynlyk, jana howp salýan howatyrly ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolmazdan gaýtalanyp durmagy;

• Howsala döredip galagoply ýagdaýa salýan tutgaýlaryň şeýle häsiýetleri bolýar: a) bu belli bir derejede takyklaşdyrylan güýçli howsalanyň ýa-da bitaplygyň epizody; b) duýdansyz başlanmagy; ç) aňrybaşy derejä birnäçe minudyň dowamynda ýetip, birnäçe minutlap saklanmagy; d) sindromyň düzüminde wegetatiw alamatlaryň (tahikardiýa, güýçli derlemek, sandyramak, sojamak ýa-da bogulýan ýaly demigip howa ýetmezçiligini duýmak) bolmagy; ýagdaý somatiki bozulmalaryň netijesinde döreýän, şeýle-de organiki psihiki keselleriň, şizofreniýanyň, affektiw we somatoform bozulmalaryň bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelmeýär.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Epizodiki paroksizmal howsalanma gaýry howsalaly fobiki bozulmalaryň we depressiw ýagdaýlaryň düzümine girýän howsala döredip, galagoply dowula salýan tutgaýlardan tapawutlandyrylmalydyr. Bu ýerde tapawutlandyrylyş kesgidi şu patologiýa häsiýetli bolan howsala döredip, galagoply dowula salýan epizod bilen geçýän alamatlaryň esasynda geçirilýär. Spesifiki howsalaly bozulmalary käbir somatiki keselleriň düzümine girizilen howsalaly ala-

matlardan (giper we gipotireoz, giperparatireoz, mitral klapanyň prolapsy, ýüregiň işemiki keseli, aritmiýalar, feohromasitoma) tapawutlandyrma gerekdir.

*Bejergisi.* Paroksizmal geçýän howsalaly ýagdaýyň bejerilişi agarofobiýanyňky ýalydyr.

**Bütin durkuňy gaplap alýan howsalaly bozulmalar.** *Epidemiologiýasy.* Dürli barlaglaryň çykaran netijesiniň maglumatlarynda howsalaly bozulmadan ilatyň 2-5%-ine barabary ezýet çekýär. Ambulatoriýanyň iş ýüzündäki maglumatlarynyň görkezişine görä, näsaglan aýallaryň sany erkekleriňkiden takmynan, iki esseräk köp bolýar. Hassahanalardakylarda bolsa şol tapawut deňleşýär. Kesel, esasan, 20-30 ýaşlylarda başlanýar, ýöne gijräk duşýanlary hem bolýar.

*Kliniki keşbi.* Dowul döredip galagoplyga salýan howsalanyň takyklandyrylan tutgaýlary bolmaýar, ýöne näsaglaryň käbirisi şolaryň öňem bolanlygyny nygtaýarlar. Durnukly we belli bir takyk ýagdaýlarda bellige alnyp berkidilmedik howsala adatylaryndan daşgary içki dartgynlygyň we ençeme mahsus bolmadyk alamatlaryň ýüze çykmagy bilen-de häsiýetlenýär. Kardiorespirator bozulmanyň ýüze çykyşy howsala düşüp, galagoply dowula salýan ýagdaýdakydan pes bolýar. Munuň depressiw häsiýetli geçmegi ýygy duşýan ýagdaýdyr. Kähalatlarda bozulma endogen depressiýanyň epizodyndan soňam başlanyp biler. Içki sandyrama, gorkaklygyň ýokarlamasy, häli-şindi buşugmak, iç geçmesi ýaly alamatlaryň hemişe bolup durmaklygy oňa häsiýetli bolýar. Näsaglar adaty gündelik işler bilen meşgullanyp, şolar barada aladalanyp ikirjeňlenýärler-de, ähli ýerde we bar zatda ýaramaz netijeleriň bolmagyna garaşýarlar. Ynjyklyk hem sabyr-takatsyzlyk galdawlygyň birsyhly ýokarlanmasy bilen bilelikde utgaşyp geçip, näsagy täze-täze gözleglere itergileýär. Kähalatlarda näsag onuň howsalasynyň adaty (sagdyn) däldigine ynanmagy üçin köp wagt gerek bolýar. Şol sebäpli näsaglaryň diňe üçden biri psihiatrlara ýüzlenýär, galanlary bolsa kömege internistlerden garaşýarlar. Köplenç halatda, olar özlerini arkaýyn, parahat duýýan wagtlaryny ýatlabam bilmeýärler. Kesel dowamly görnüşli bolup, näsagyň bütin ömründe geçip biler. Näsaglaryň, takmynan, 25%-de ol howsala döredij galagop dowula salýan bozulma öwrülýär.

*Kesel kesgidi.* Bütin durkuňy gaplap alýan howsalaly bozulmanyň kesgidi ýagdaýyň şeýle alamatlara gabat gelmeginde goýulýar: 1/6 aýdan az bolmadyk möhletiň dowamynda içki dartgynlyk, çuňňur aladalanma we gündelik durmuşda bolup geçýän wakalar we aladalar barada ikirjeňlenip howatyrlanma; 2) wegetatiw alamatlaryň ýüze çykmagy (derlegenlik, tahikardiýa ýa-da tahipnoe, epigastral birahatlanma, baş aýlanma, agzyň kepemesi); 3) myşsalaryň dartylmasy; 4) howsala düşüp birahatlanmak, ýumşap ýazylmaga, rahatlanmaga ukybyň bolmazlygy (göçgünlenip ynjalyksyzlanmanyň we psihiki dartgynlygyň döremegi); 6) bogazyna bir zadyň dykylanlygyny ýa-da ýuwutmanyň kynlaşanlygyny duýmak; 7) durnukly ynjyklylygyň, gyzmalygyň döremegi; 8) uka gitmäniň kynlaşmasy; 9) ýag-

daý howsalaly dowula salýan fobiki, obsessiw ýa-da ipohondriki tutgaýlara laýyk gelmeli däldir.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Bütin durkuňy gaplap alýan howsalaly bozulmanyň depressiw alamatlar bilen häsiýetlenip geçýän affektiw patologiýasyndan tapawutlandyrmak, kähalatlarda bolsa howsala döredip galagoply dowula salýan takyklandyrylan tutgaýlary öz düzümine girizýär. Howsalaly näsaglarda bolsa uzak ýyllaryň geçmegi bilen durmuşyň eşretlerinden doly derejede kanagatlanarlykly peýdalanyp lezzet alyp bilmänsoň, keýpiň subdepressiw fony döredilýär. Howsalaly näsaglara depressiwlilerden tapawutlylykda ýaýbaňlandyrylan endogen bozulmasy, angedoniýa we aýrylman uzak wagt saklanýan disforiýalar (keýpiň bozulmalary) we frustrasiýalar (ýalan, aldawçy duýgular), umytsyzlyk, durmuşdan kanagatlanman, nägilelik bildirmek ýaly alamatlar has häsiýetli bolýar. Olara affektiw gije-gündizki ritmikasy adaty bolmaýar-da, wagtyndan ir oýanmak däl-de, uklap bilmezlik döräp, işdäniň kesilmegi we ünsüni jemläp bilmekligiň görnetin bozulmagy gaty bir häsiýetli bolmaýar. Howsalanma alamatlary wagty boýunça depressiýanyň ýüze çykyşyny öňürtiläp, depressiýa bolmanda-da aýrylman saklanyp galýar. Depressiýalarda, adatça, disforiýa howsaladan öňürti döräp, somatiki bozulmaly howsalaly näsaglar özleriniň ähli üns-pikirlerini tutuşlygyna özüne çekýän somatiki bozulmalara gönükdirilip edilýän şikaýatlary bilen tpawutlanýar.

*Bejergisi*. Howsalany aýyrmak üçin benzodiazepinler (diazepam, hlozepid, alprozalam we başg.) berilýär. Ýöne her niçigem bolsa endik ediläýmäniň ähtimallygy hem hasaba alnyp, ulag sürülende aýratyn seresaplygyň görkezilmegi unydylmaly däldir. Howsalaly – depressiw affekt ýagdaýy ýüze çykanda antidepressantlar (imipramin, sitalopram, sertralin, paksil) has gowy netijeleri berýär. Derman bilen bejermäni psihoterapiýanyň käbir usullary bilen utgaşdyryp geçirse-de bolar (kognitiw-özüni alyp barşyň düzeldilmegi, psihoanalitiki, geştalt-terapiýa, NLP).

**Obsessiw – kompulsiw bozulmalar.** Obsessiw-kompulsiw bozulmalar diýlip, erkiňe bagly bolmadyk ýüregedüşgünç pikirleriň gaýtalanyp durmaklygyna aýdylýar.

*Epidemiologiýasy.* Milletiň arasynda keselleýänleriň sany ortaça hasapdan 0,05%-e baradardyr. Näsaglaryň köpüsi özlerinde kesel barlygyny uzak wagtlap ýaşyryp gezýär-de, psihiatra diňe 5-10 ýyl geçensoň ýüzlenýär. Şol hem keseliň sanynyň 2-3%-ne çenli ýokarylygynyň çak edilmegine bolan pikiri döredýär. Näsaglaryň üçden biri 10-15 ýaşlarynda, dörtden biri 30 ýaşa golaýlaşanlarynda keselleýär. Erkeklerde kesel ir (6-15 ýaşlarynda), aýallarda has giç (20-29 ýaşlarynda) başlanýar. Howsalaly – fobiki we iýmit bozulmalary hem çaga autizmi (gürlemezekligi) bilen ýüze çykýar.

*Etiologiýasy.* Bozulma belli bir derejede genetiki şertlendirilen saýylýar. Howsalaly bozulma bilen geçýän beýleki kesellerdäki bolýan 0,5%-i bilen deňeşdirileninde obsessiw-kompulsiw kesellileriň ýakyn hossarlarynyň bu kesel bilen

nesil yzarlaýjylykly keselleme howpy has ýokary bolup, 3-7%-e ýetýär. Şu bozulma bilen Turettanyň sindromynyň aralygyndaky genetiki baglanyşygynyň barlygynyň hem üsti açyldy.

Käbir maglumatlara görä, şu kesele getiriji etiologiki şert bolup serebral anomaliýanyň (beýnidäki ýoýulmalaryň) hyzmat edýänligi baradaky çaklamalaram bar. Näsaglarda rezidual (galyndy) organiki patologiýanyň we gaýry newrologiki bozulmalaryň, şeýle-de EEG-de spesifiki bolmadyk özgerişleriň üstüniň açylýan ýerleri-de seýrek däl.

Obsessiw-kompulsiw bozulmanyň döremegine psihiki şikeslenme hem sebäp bolup biler. Güýçli bolup geçen psihiki şikeslenmeleriň ýeke-täk özi hem şu bozulmanyň döremegine getirip biler. Meselem, psihiki şikeslenmäniň geçişini hyýalda dikeldip suratlandyrýan käbir ýüregedüşgünç ilgezik ýatlamalar, pikirdir hereketler hem döräp biler. Muňa ýatrogen etiologiýaly keselleriň bir bölegi, meselem, käbir fobiýalar – kardiofobiýa, merezýel fobiýa, kanserofobiýa, seýle-de ýüregedüşgünç ilgezik ipohondriki pikirlerem girýär. Ýüregedüşgünç ilgezik başdan geçirmeleri geçmişde zyýansyz bolan şertli reflektor gyjyndyryjylaryň gorkyny döreden zyýansyz saýylýan gyjyndyryjynyň wagtyna pete-pet gabat gelşiniň netijesinde-de döräp biler. Meselem, ýürek-damar bozulmasy arkaly dörän gorky näsagyň açyk giň meýdanda duran wagtyna ýa-da otlynyň guguldysyna gabat gelende, olar şertli refleks hökmünde keseli öjükdirip biler.

Obsessiw-kompulsiw bozulmalara şahsyň özboluşly aýratynlyklary hem getirip biler. Bozulma nerw prosesleri gowşak ýa-da şonuň işewürlik hereketlenmesiniň üýtgäp, durup bilmek ukyby pes bolanlarda-da döräp biler. Şu bozulma howsalaly müňkür bolan was-was, gorkak, utanjaňdan – ýygra adamlarda has aňsat döräp bilýär. Zyýan ýetirýän dürli zatlar, meselem, dürli şikeslenmeler, ýokanç keseller, zäherlenmeler nerw ulgamyny gowşadyp, nerw prosesleriniň hereketlenmesini bozup, obsessiw-kompulsiw bozulmalaryň döremegine ýardam edip biler.

*Kliniki keşbi.* Kliniki alamatlarynyň ýüze çykýanlarynyň esasylarynyň biri ýüregedüşgünç ilgezik pikirlerdir (öz islegiň bilen döremän, gaýtalanyp durýan pikirler), şekiller, jynsy gatnaşyga bolan küýseg we özüni birgörnüşli kompulsiw häsiýetli alyp barmagyň ikisi birden ýa-da aýry-aýrylykda ýüze çykyp biler. Psihotikiden tapawutlylykda özüni newrotiki kompulsiw görnüşde alyp barmaklygy özüniň hususy gylyk-häsiýetlerine bap gelmeýänligine garamazdan, ol hususy özüniňki ýaly kabul edilýär. Şonda newrotiki näsaglaryň, takmynan, 50%-de kompulsiýa öz duýgy-düşünjesinde bolgusyzdan manysyz, hiç bir heňe gelmeýän ýaly bolup görünýär. Ilkinji obsessiw impulsdan soň haýsydyr bir islenilmedik ýakymsyz zatlaryň döremegine bolan gorky näsagy gününe goýman, birsyhly biynjalyk edip durýar. Dorän gorky, adatça, näsagda garşylyk görkezme pikirini oýarsa-da, ýöne näsaglaryň ýarysynyň özlerindäki alamatlara görkezýän garşylygy diýseň gowşak bolýar.

Klinikada obsessiw bozulmalaryň birnäçe esasy topary görkezilýär.

Ýüregedüşgünç ilgezik gorkular (fobiýalar) dürli görnüşi bolup, has ýygy duşýanlarydyr. Muňa: dürli sebäplerden dörejek ölümden gorkmak (tanatofobiýa), ýürek kesellerinden (kardiofobiýa), öz janyna kast edip özüni heläklemekden (meselem, penjireden özüni aşak oklamakdan, beýik köprüden suwa urmakdan, ýiti ýarag bilen özüne ýara salmakdan), ýumrulan jaýyň daşlarynyň astynda galyp wepat bolmakdan ýa-da demir ýol heläkçiliginden, ýyldyrym urmagyndan we ş.m. gorkýar. Şeýle-de guduzlamakdan, sap we howply çiş keseli bilen kesellemekden, miokardyň infarktyndan (infarktfobiýa), psihiki (lissofobiýa) we gaýry keseller bilen kesellemekden, hapalanmadan gorkmak (mizofobiýa), uçutlardan we düýpsüz çuňluklardan, öz ýakyn adamlaryň ykbalynyň neneň-niçik boljaklygy barada aladalanyp gorkmak we başgalar näsaglaryň özlerini alyp baryşlary başdan geçirýän gorkularyna kybaplaşdyrylan bolýar. Meselem, näsag kesgir ýiti zatlardan gorkmanyň esasynda şolaryň elýeter ýerlerden aýrylyp, daşrak ýerlerde gizlenilmegini hossarlaryndan talap edýär. Hapalanma gorkusyna gaplanan näsaglar şondan goranma maksady bilen dürli çäreler görüp, sagatlap ellerini ýuwýarlar, gapy tutawaçlarynyňdyr ýeneki gaýry elleniläýjek zatlary dezinfisirleýji erginlere batyrylyp ezilen esgiler bilen birsyhly süpürip durýarlar. Şeýle näsaglar «arassalama», şeýdibem hälki howp salaýjak zatlary zyýansyzlandyrmak niýeti bilen hatda çöregiň daşyny hem oda tutýarlar. Hapalanma howply müňkürligi bolan näsaglar aýlap-ýyllap diýen ýaly öz bolýan otaglarynyň syrylyp-süpürilip arassalanmagyna rugsat bermän, hatda özlerem şony wagtly-wagtynda arassalaman, uzak wagtyň dowamynda geýim-gejimlerinem çalşyrman gezýärler.

Ýüregedüşgünç ilgezik müňkürlikler dörände öz eden hereketleriniň dogrulygyna, edilen işleriň soňuna çenli tamamlandyrylanlygyna ynamy bolman, döreýän müňkürlik näsagy gynap birahatlandyrýar-da, şolam ony sykajyga salyp horlaýar. Ony edilen işleriň dogry-nädogrulygyny, soňuna çenli gaýta-gaýtadan barlamaga mejbur edýär. Ýüregedüşgünç ilgezik müňkürligi bolan näsag zenanyň tabşyrylan öý-içeri işleriniň ýerine ýetirilişiniň dogrulygyna ynamy bolman gap-gaçlary onlarça gezek gaýta-gaýtadan ýuwup, stoluň üstüne örtülen saçagy we goýlan naharlary ençeme gezek düzedýär. Şeýle müňkürlikli näsag lukmanyň dermannamasynyň dogry ýazylanlygyna ynamy bolman, şony onlarça gezek düzediji kitaplar bilen deňeşdirip barlap görse-de, ýene-de «ýalňyşan bolaýmaýyn» diýen müňkürlikli ilgezik pikir ony ugruna goýman täzeden gaýta-gaýta barlap görmegine itergileýär. Ýüregedüşgünç ilgezik müňkürlik kähalatlarda näsagyň soňuna ýetirilip göwnejaý edilenligine ynamyny gaçyryp (şonuň dogrulygyny anyklajak bolup hysyrdap), tä sütüni süýnýänçä barlamaga mejbur bolýar.

Ýüregedüşgünç ilgezik ýatlamalarda diňe bir hyýala getirmeler (şekiller) döremän, eýsem, ýüregedüşgünç ilgezik pikirleri höküm sürüp biler. Meselem, nä-

sag öz aňyna, huşuna uçursyz uly agram salyp haýsydyr bir ýerleriň geografiki atlaryny, adam atlaryny, goşgulary, ezýet çekip horlanma bilen ýatlamaga çalyşýar.

Näsaglardaky ýüregedüşgünç ilgezik hereketler, köplenç halatda haýsydyr bir ýönekeý sada hereketleriň edilmegi bilen häsiýetlenýär. Meselem, näsag ýüregedüşgünç ilgezik görnüşde gözlerini süzüp, burnuny çekýär, ýalmanyp dodaklaryny ýalaýar, boýnuny süýndirip, hamala diýersiň oňa köýneginiň ýakasy batýan ýaly eýläk-beýläk towlaýar, stolda duran zatlary elleşdirip görýär-de täzeden başga bir görnüşde tertipleşdirip goýýar. Haýsydyr bir zada tötänlikde eli degse, ol ony elläp, birnäçe gezek gaýta-gaýta sypalaşdyryp görýär, naharyny iýip başlamazyndan ozal nähilidir birhili yrym edilýän görnüşde stoluň gyrasyna cemçesini tarkyldadyp birnäçe gezek kakandan soň nahar iýmäge başlaýar. Käbir halatlarda hiç bir derkarlygy bolmazdan gözüne ilen zatlary, jaýlary, penjireleri, köçeden geçip barýan maşynlarydyr ýolagçy adamlary sanap başlaýar.

Esasy toparlaryň şu alamatlary biri-birleriniň üstlerini basyryp ýapyp hem, keseliň geçişinde transformirlenip hem üýtgäp (biri beýleki görnüşlä geçibem) biler. Depressiýa bilen komorbidligem ýokary bolup, bu alamatlar dürli derejedäki ýüze çykyşy bilen, kesellileriň, takmynan, ýarysynda bolup geçýär, näsaglaryň üçden birinde bolsa depressiw alamatlar psihotiki registr derejesine geçýär. Näsaglaryň şu topara girýänleriniň ählisinde öz janyna kast etme howpy häsiýetli bolup, ýöne her niçigem bolsa beýleki psihiki kesellileriňkiden pes bolýar. Wegetatiw alamatlaryň howsalanylmasy we özüni psihiki taýdan oňaýsyz duýmaklygyny gynaýjy ýagdaý muňa häsiýetli bolýar. Kesellileriň ýarysynda kesel ýiti (güýçli) başlanýar. Näsaglaryň 50%-den gowragynda keseliň geçişi adaty dowamly görnüşde bolup, elmydama alamatlaryň durnuksyzlygy, hatda güýjemegi bilen häsiýetlenýär.

Keseliň ir başlanmagy hem-de şonuň öňüsyrasynda stressoryň we obsessiýalara garşylyk görkezilmegiň, aýratynam däpdir yrym-ýorumlaryň bolmazlygy, geň-enaýy häsiýetleriniň edilmegi, näsagyň kesellemezinden ozal sosial uýgunlaşma bolan ukybynyň peselmegi keseliň oňaýly gutarmagyna bolan umydy peseldýär.

*Kesel kesgidi.* Obsessiw-kompulsiw bozulma ýagdaýyň kesgidi bahalandyrylyş ölçeginiň aşakda getirilip görkezilenlerine gabat geleninde goýulýar: 1) Ýüregedüşgünç ilgezik pikirler (ýa-da hereketler) hemme wagt iki hepdäniň dowamynda aýrylman, aýdyň bildirip durmalydyr. 2) Ýüregedüşgünç ilgezik pikirler, hyýala getirmeler we hereketler aşakda getirilip görkezilen alamatlar bilen häsiýetlendirilmelidir: a) näsagyň olary güýç bilen zorlanyp salnan ýaly däl-de, hut özüniňki ýaly duýup kabul etmegi; b) olar birsyhly gaýtalanyp, bolmanda ýüregedüşgünç ilgezik pikirleriň birisi hetdenaşa ýa-da many-mazmunsyzdan pähimsiz saýylmaly; ç) näsaglar şolara garşylyk görkezmäge synanyşýarlar, käbir halatlarda ol juda gowşak görnüşde amala aşyrylýar. 3) Ýüregedüşgünç ilgezik pikirlerden hem hereketlerden näsaglaryň hut özleri gynaýjy ezýedi çekip

horlanýarlar ýa-da obsessiýalaryň netijesinde olaryň sosial uýgunlaşyp bilmesi hakykatdan-da peselýär. 4) Ýagdaý şizofreniýanyň ýa-da affektiw bozulmalaryň alamatlaryna laýyk gelmeli däldir.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Obsessiw-kompulsiw bozulmalar häsiýete laýyk bolan patologiýadan şahsyň obsessiw-kompulsiw görnüşli bozulmasyndan tapawutlanýar. Ýüregedüşgünç ilgezik newrozyň alamatlary näsagyň şahsyna sazlaşykly gabat gelmeýär, anankast (mejbur edilen) görnüşli psihopatiýalarda häsiýetiň laýyk gelýän sypatlary olara garşylyk görkezmekde öz islegidir pikirine gabat gelmeýär. Anankast psihopatiýa depressiýa bilen komorbidlilik, somatoform bozulmalara ýüregedüşgünç ilgezik newrozyňkydan has häsiýetli bolýar.

Obsessiw ýagdaýyň ýüze çykarylmalaryndan tapawutlylykda şizofreniýada onuň beýleki alamatlarynyň bolmazlygynda, bu ýerde alamatlaryň geň-enaýylygy äşgär ýüze çykarylman, daşardan zor bilen dakylýan duýgular hem bolmaýar.

Obsessiw komponenti endogen depressiýanyň düzüminde ýaýbaňlananda depressiw alamatlaryň döremegi ýüregedüşgünç ilgezik alamatlaryň ýüze çykyş wagtyny öňürdýär. Ýüregedüşgünç ilgezik newrozly näsaglarda depressiýa dörände, olaryň hereketleri togtadylman janlandyrylyp güýçlendirilýär. Endogen depressiýadaky akyl kilçermesi, adatça geçip duran ýa-da geljekki wakalara dahylly däl geçmişde bolan zatlara degişli bolup, ol bizar ediji görnüşde gaýtalanýar, garşylyk görkezilmeli pikiredir herekete seýrek öwrülýär.

Ýüregedüşgünç ilgezik we fobiki bozulmalaryň aralarynyň açylyp, biri-birinden tapawutlandyrylmagy belli bir derejedäki kynçylyklary döredýär. Näsaglar şu kesellerden ezýet çekýänleriň howatyrly tijendirilmeden ätiýaç edip gorka gaplanýanam bolsalar, ýöne şoňa bolan ýigrenç duýgusy obsessiwlilere däl-de, fobiki kesellilere häsiýetli bolýar. Soňkular, ýagny fobiki näsaglar howp salýan tijendirmelerden sowlup bilmek meselesini has üstünlikli hem şowly çözýärler. Obsessiwli näsaglarda howsalanyň artmagy howsala döredip, galagoply dowula salýan tutgaýy ýatladyp, ýöne ýüregedüşgünç ilgeziklige garanyňda ol hemişe ikinji derejeli ýagdaý hökmünde ýüze çykýar.

*Bejergisi.* Obsessiw-kompulsiw bozulmanyň bejergisini geçirmek üçin ilkinji nobatda saýlanylyp alynýan preparatlar serotoniniň yzyna sorulyşynyň ingibitorlary (fluwoksamin, fluoksetin, sertralin), trisikliki we tetrasikliki antidepressantlar (amitriptilin, melipramin, mianserin, modiomil), antikonwulsantlar, meselem, karbamazepin ulanylýar. Psihoterapiýa (psihoanaliz, geştalt-terapiýa, NLP), farmakoterapiýa bilen utgaşdyrylyp geçirilende gowy netijeleri berýär.

**Agyr strese berilýän reaksiýa we uýgunlaşyp bilmekligiň bozulmalary.** Durmuş şertlerinde uçursyz güýçli bolan stresde ýa-da durmuşyň özgermeginde uzak wagtlap aýrylman saklanýan ýakymsyz ýagdaýlara getirip, şonuň netijesinde-de uýgunlaşyp bilmäniň bozulmasyna alyp barýan ýagdaýdyr. Munda psihiki şikeslenmäniň esasy orny eýelemesiniň häsiýetli däldigi onuň tapawutly

taraplarynyň biridir, ýagny şahsy, köplenç halatda, aýratyn çydamsyzlygyň hem gowşaklygyň wajyplygy hem hasaba alynmalydyr.

**Strese ýiti reaksiýa bermek.** *Etiologiýasy.* Güýçli şikeslenme ýagdaýyň başdan geçirilmegi: tebigy betbagtçylyklar, tötänlikde dörän heläkçilik, ýakyn adamlaryňy ýitirmek ýaly ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolýar. Stresiň dörän pursadynda goranyş mehanizminiň ekstremal identifikasiýasy, gysylyp çykarylma ýalylaryna ünsüň berlip we olarda saklanyp berkidilmesi döreýär. Şonuň netijesinde-de aň-huşuň özgermegi, kabul etmäniň we özüňi alyp barşyň bozulmalarynyň döremegi mümkindir.

*Kliniki keşbi.* Bozulma güýçli başlanyp, güň bolma döreýär, aň-huşuň örüsi daralýar, ünsüňi jemläp bilmek ukyby peselýär, daşarky gyjyndyryjylara adaty bolmadyk geň-enaýy reaksiýalaryň berilmegi, niredeligini, daş-töweregindäkileriň kimlerdigini, wagtyň haçanlygygny bilmezlik ýaly zatlar bilen geçýär. Soňra ýagdaýdan daş çykylyp, şondan ara açylyp, ýagdaý assosiatiw stupora çenli ýetýär ýa-da aźitasiýa we giper işjeňlik döreýär (gaçmak reaksiýasy ýa-da fuga).

Bozulma, adatça, birnäçe sagada çekip, seýrek halatlarda birnäçe gün dowam edýär. Bozulmanyň döreme howpy horlanyp halys tapdan düşenlerde ýa-da ýaşy birçene baran gojalarda ýokary bolýar. Ýer titremäniň netijesinde ýakyn adamlar ýitirilende hakykatda ýogalanlaryň diridigi baradaky ynam döräp, heläkçiligiň dörän ýerinden gaçma, özüni ugruny ýitiren adam ýaly alyp barma (puerilizm – özüni çaga ýaly alyp barmak), heläkçiligiň bolan ýerinde doňup galmak, şol ýerden gitmeden boýun gaçyrmak ýaly ýagdaýlar döreýär. Hut şunuň ýaly reaksiýalar ýakyn adamyň duýdansyz ýogalanda-da döreýär.

*Bejergisi.* Munuň bejergisinde trankwilizatorlar, meselem, diazepamyň 20 mg möçberine çenli, antidepressantlar, uky bilen bejergi geştalt-terapiýa toparlaýyn hem maşgala bejergileri geçirilýär.

**Posttrawmatiki (şikeslenmeden soň döreýän) stres bozulmalary.** Posttrawmatiki stres bozulmalary – psihiki bozulmalaryň toplumy bolup, ekstremal (adatdan daşary agyr) ýagdaýlar bilen baglanyşykly döreýär. Posttrawmatiki stres bozulmalary birnäçe hepdeden birnäçe aýa çenli dowam edýän (ýöne dowamlylygy 6 aýdan aňry geçmeýän) latent (ýaşyryn) döwürden soň başlanýar.

*Epidemiologiýasy.* Posttrawmatiki stres bozulmalaryň ýaýraýşynyň giňligi heläkçiligiň döreme we şikes ýetmeleriň ýygjamlygyna bagly bolýar. Bozulma agyr stresi başdan geçirenleriň 50-80%-de döreýär. Uruş-sögüşsiz parahatlyk döwürlerinde posttrawmatiki stres bozulmalaryň döreýşi erkeklerde 0,5%, aýallarda bolsa 1,2%-e barabar bolýar. Bu ýagdaý adamlaryň islendik ýaşlysynda döräp bilýär, ýöne çagalarda hem ýetginjeklerde ýygy duş gelýär.

*Etiologiýasy.* Emosional ýa-da süňňi stresleri başdan geçirenlerde döreýär (aldym-berdimli söweş ýagdaýlarynda, heläkçiliklerde, garakçylar çozanynda, zorlanylmalardan soň, tebigy betbagtçylyklarda). Bozulmanyň etiopatogenezi en-

çeme ýagdaýlaryň (faktorlaryň) täsir etmeginiň esasynda kesgitlenilýär: stresiň güýji, şonuň täsir edýän sosial (durmuşy) ýagdaýlary, heläkçilige uçranyň şahsy aýratynlyklary we onuň biologiki durnuksyzlygy. Durmuşy goldawyň berilmegi stres reaksiýalarynyň öňüni almakda möhüm orna eýeliginiň bellenilmegi hem gerekdir. Ejir çekilmäniň şu görnüşine töwerekdäkileriň duýgudaşlyk bildirip, mähremlilik bilen gatnaşýandyklarynyň gözli saýady bolýan näsaglarda stres ýagdaýyň aňsat geçirilmegine ýardam edýär. Ýöne şol bir wagtda-da beýlekileriň aradan çykyp, özüniň diri galmagyny öz ýanyndan müýnli saýmaklyk ýagdaýy birneme çylşyrymlaşdyryp, agyrlaşdyryp biler. Dörän bozulma çydamsyzlygyň, ejizligiň görkezilmegi kesellenilmezinden ozalky psihiki şikeslenmelerden ezýet çekmeklige ýykgynlygyny artdyrýar, premorbidiň täsiri ýagdaýy has agyrlaşdyrýar. Posttrawmatiki stres bozulmalaryň megerem, organiki şertlendirilmesiniň bolaýmagam ähtimaldyr. Şu näsaglardaky EEG-niň bozulmalary endogen depressiýalar bilen meňzeşliginiň üstüni açýar. Posttrawmatiki stres bozulmalaryň döremegine ýykgyn edilmeginiň häsiýetlendiriji aýratynlyklary emosional durnuksyzlyk, howatyrlanmaklygyň ýokarylygy we şahsyň ýeterlik derejede kämil däldigidir.

*Kliniki keşbi.* Posttrawmatiki stres bozulmalary strese berilýän güýçli reaksiýadan soň başlanýar. Güýçli stres reaksiýasyndan tapawutlylykda Posttrawmatiki stres bozulmalary stresiň geçýän pursadynda ýüze çykman, şondan has soňraky döwürlerde – näsag stres ýagdaýyndan çykarylandan soň döreýär.

Posttrawmatiki stres bozulmalary hemişe keýpiň gaçyp peselmesi bilen häsiýetlenip, şoňa-da kähalatlarda gowşaklyk, biparhlyk, emosional biperwaýlyk ýaly garalýar. Şonuň bilen bir wagtda-da töwerekde bolup geçýän zatlara gyzygyň gaçmagy, durmuşyň eşretlerinden lezzet alma isleginiň kanagatlandyrylyp, täze zatlary öwrenip bilmäge, heniz görlüp-eşidilmediklerini synlap öwrenmäge bolan höwesi hem bökdelýär. Posttrawmatiki stres bozulmalaryndan ezýet çekýän näsaglar şagalaňly üýşmeleňleredir dabaraly ýygnanyşyklara barmadan gaça durup, ýekelikde bolanlaryny kem görmeýärler. Ol diňe özleri ýaly şeýle stresi başdan geçirenler bilen gatnaşýar. Posttrawmatiki stres bozulmalary üçin başdan geçirilen şol stresli ýagdaýy ýüregedüşgünç ilgezik görnüşde ýatlamak häsiýetli bolýar. Ezýet çekenleriň aýtmaklaryna görä, «Şol betbagtçylygyň bolup geçişiniň hemişe kellede köwsarlap durmagy näsagy birahatlandyrýar». Iş ýüzünde hemişe uky bozulmalary ýüze çykýar (irkilip uka gitmegiň kynlaşmasy, gijelerine häli-şindi oýanylyp durulmagy hem-de çendenaşa ir oýanyp turulmagy, howsala düşüp howpurgap turulmagy), psihiki şikeslenme bilen baglanyşykly bolan howsala salyjy gorkuly düýşleriň görülmegi, başdan geçirilen psihiki şikeslenmäniň düýşünde bolup durmagy hem seýrek zat däl. Şahs başdan geçirilen şol stresiň dünýäsiniň jümmüşine çümen ýaly bolup, özüni stres ýagdaýy döremezinden ozalky dünýäde, geçmişdäki ýagdaýlarda, şol bir wagtky ölçeglerde ýaşaýan ýaly duýýar. Ol özüniň geçen durmuşyny gaýtaryp getirmäge çalyşýan ýaly bolýar (hyýalynda ähli zatlary ozalky bolşy ýaly

janlandyrmaga synanyşýar), bolup geçen zatlara akyl ýetirip düşünmäge dyrjaşýar, günäkärleri gözläp, şonda öz eden günäsiniň ölçegini kesgitlemäge synanyşýar. Posttrawmatiki stres bozulmaly näsaglarda aram-aram fleşbekler diýilýän ýagdaý döreýär. Bu bozulma psihiki şikeslenme ýetirilen pursadyndaky ýagdaýy suratlandyrýan iňňän ýagty, janly ýaly hyýala getirmeleriň döremegi bilen häsiýetlenýär. Kähalatlarda şolary hakyky durmuşdan tapawutlandyrmak aňsat bolman (beýle ýagdaý akyl bulaşmagy bilen geçýän sindromlara ýakyn bolýar), fleşbekli ýagdaýy başyndan geçirýän şahsyň agressiýa ýüz uraýmagam ähtimaldyr.

Şunuň bilen bir wagtda-da öz-özüňi gorap saklama instinkti ýitelip, ol adamyň özüni alyp barşynda äşgär ýüze çykýar. Özüňi alyp barşyň özgermesi bir tarapdan stres ýagdaýyň ir ýüze çykarylmagyna ugrukdyrylsa, beýleki bir tarapdan ýagdaýdyr waka gaýtalananda seresaplyk çäreleriniň görülmegine getirýär. Şahsyň seresaplylyk baradaky geçirýän çäreleri başdan geçirilen stresiň häsiýetine görä kesgitlenilýär. Meselem, ýer titremäni başdan geçiren adamlar gapydan uzakda bolmadyk ýerlerde oturmaga çalyşýarlar (zerur bolanda jaýdan tiz çykyp bilmäge mümkinçilik bolar ýaly). Olar ýygy-ýygydan asylgy lýustra-çyra seredip, ýer titremesiniň başlanlygyny kesgitlemäge synanyşýarlar. Şonuň bilen bir wagtda-da olar üsti gaty oturgyçlarda oturmaga çalyşýarlar, çünki ýumşak otyrgyçlar ýer titremäni gowy aňşyrtmaýar.

Şeýle-de pikiriň jemlenip belli bir zada gönükdirilmegi kynlaşyp, hiç biri ýatda saklanmaýar, şolaryň hyýala getirilip dikeldilmesi kynlaşýar, tiz ýadamaklyk peýda bolup, işjeňligi peselýär. Psihiki bozulmalardan daşgary somatiki (süňňi) bozulmalar hem ýüze çykýar: gan basyşynyň ýokarlanmagy, pulsuň urşunyň tizleşmegi, aşgazan-içege ulgamynda we jynsy gatnaşyk işine bolan ukybyň bozulmalarynyň döremegine hem köp duş gelinýär.

Bozulmanyň dowamlylygy birnäçe hepdeden birnäçe ýyla çekip biler.

*Bejergisi:*

1. Psihoterapiýa öz içine trankwilizatorlaryň, neýroleptikleriň az mukdaryny, antidepressantlary alýan somatiki bejergi geçirilýär.
2. Gurplandyrýan bejergi (witaminler) ulanylýar.
3. Nootroplar bellenilýär.

**Uýgunlaşma ukybynyň bozulmalary.** *Kesgitlenilişi.* Uýgunlaşma ukybynyň bozulmalary aýdyň ýüze çykýan psihososial stresiň täsir edip başlan wagtyndan üç aý geçensoň bildirip başlaýan ýagdaýdyr. Şu patologiki reaksiýany adam öz hususy betbagtçylygy saýyp biler, ýöne bu bahalandyrylyş ölçeginiň beýlekilerine gabat gelýän psihiki keseliň beterlemegi däldir. Adatça, bozulma stresiň täsir etmesi kesilensoň aýrylýar ýa-da stres saklanyp galýar-da, adamyň özi şoňa öwrenişip uýgunlaşýar. Stresiň uýgunlaşma ukybyny bozmaklygy adamyň durmuşy ýa-da sahsy hünäri boýunça döreýän näsazlyklary bolup, kynçylyklara berýän reaksiýasydyr.

*Epidemiologiýasy.* Uýgunlaşma ukybynyň bozulmalary biçak ýygy duş gelýän ýagdaý. Barlagçylaryň köpüsiniň getirip görkezýän maglumatlaryna görä, hassahanada bejergide ýatan näsaglaryň 5%-de ýüze çykýar. Köplenç halatda, bu kesgit ýetginjeklerde goýulýar, ýöne bu ýagdaý islendik ýaşlylarda-da döräp biler.

*Etiologiýasy.* Stresiň ýa-da stresleriň çökderligi hemme wagtda uýgunlaşma ukybynyň bozulmasynyň agyr-ýeňilligini kesgitlemeýär. Adamyň şahsy ezberligi bilen başarjaňlygy, edýän işlerini akylly-başly hem guramaçylykly, medeni hem jemgyýetçilik kadalaryna we düzgünlere mahsus ähmiýet berip bahalandyryp bilmesi stresiň adaty görnüşde bolmadyk reaksiýanyň berilmegine öz goşandyny goşýar. Onuň agyrlygy derejäniň, möçberiň, dowamlylygyň, dikeldilşiniň, töweregi gurşaýan zatlaryň we şahsy gatnaşygyň toplumlaýyn işidir. Muňa atanyň ýa-da enäniň ýitirilmegi ýaly gynançly wakany 10 ýaşlylaryň we 40 ýaşlylaryň düýbünden başga-başga görnüşlerde geçirýändigini mysal getirse bolar.

Stresler nika bozulyp aýrylyşma we bikärlikde galan ýagdaýynda, eziz görýän adamyň ýogalmagy ýa-da hut şol wagtda haýsydyr agyr somatiki kesel bilen kesellemegi ýaly goşmaça näsazlyklara uçranda goşalanyşyp gelýän köp sanly hem bolup biler. Stresiň ýylyň pasyllaryndaky işlerde kynçylyklaryň döremegi bilen baglanyşykly bolan döwürleýin geçýänleri hem haýsydyr bir dowamly kesele uçrap, uzak wagtlap näsag halda gezmegi ýa-da ejir çekip ýaşamagy ýaly hemişeligi hem bolup biler. Maşgala agzalarynyň arasynda döreýän oňşuksyzlykdyr näsazlyklaram uýgunlaşybilme ukybynyň bozulmagyna getirip, tutuş maşgalanyň gününi bulap, durmuş ýagdaýyny diýseň kynlaşdyrýar. Eger-de uýgunlaşma ukybynyň bozulmasy haýsydyr bir agyr keseliň netijesinde dörese, onda şol ýeke-täk bir adamyň kesele uçramagy bilen çäklenýär. Kähalatlarda uýgunlaşma ukybynyň bozulmasy tutuş bir toparda ýa-da jemgyýetiň giden bir gatlagynda, meselem, tebigy betbagtçylyklarda, her hili toparlaýyn heläkçiliklerde döräp bir topar adama täsir edýär. Mekdebe ilkinji gezek gitmek, öý-öwzaryňdan jyda düşmek, goşun gullugyna gitmek, öýlenmek ýa-da durmuşa çykmak, çaga dogrulmagy, hünäriňdir işiň boýunça öňde goýlan wezipeleriň ugruna bolmazlygy, öýden iň soňky çaganyň çykyp gitmegi we pensiýa çykylmagy ýaly ýagdaýlar hem köp halatda uýgunlaşma ukybynyň bozulmalaryna getirýär.

*Kliniki geçişi.* Uýgunlaşma ukybynyň bozulmasy stresden soň döreýän hem bolsa, onuň alamatlarynyň bada-bat başlanmagy hökman däldir. Hut şunuň ýaly hem stresiň täsir etmesi kesilensoň, ol birden aýrylyp gidenok. Kesilmän, hemişe täsir edip durýan stres ömrüň ötýänçä-de dowam edip biler. Ol islendik ýaşdaky adamda döräp biler. Psihiki şikesiň janyýangynly görnüşde başdan geçirilmegi näsagyň durmuşynda merkezi orny eýeläp, onuň ýaşaýşyny büs-bütin özgerdip, durmuşda özüni oňaýly duýup arkaýyn gezmegini we hereketlenmelerini, şeýle-de işlemesini ýoňsuz derejede üýtgedýär. Ýagdaýyň agyr görnüşlilerinde adam ähli ünsüni edil şikese bermän, şonuň getirýän soňky netijelerine (ýalňyz galmak, maýyp bolmak

we ş.m.) dikýär-de, dykgatly dümtünmesini şondan aýyrmanam uzak wagtyň dowamynda saklaýar. Goşmaça stresler dorände alamatlar özgerip güýjeýär. Somatiki alamatlar bilen geçýän bozulma çagalarda we ýaşlary birçene baran gojalarda has ýygy duş gelýär, ýöne ol beýleki adamlarda-da bolup biler. Birnäçe halatlarda näsaglar güýçdür zorluk we pähimsizlik görkezip, meýli içgileri agdyk içip başlaýarlar, jenaýat işlere baş goşýarlar, jemgyýetden, köpçülikden çekilip arany açýarlar-da, ýekemene öwrülýärler.

Uýgunlaşma ukybynyň bozulmasy köp görnüşli bolup, köplenç halatda ulularda depressiw, howsalanma we garyşyk alamatlar bilen ýüze çykýar.

Uýgunlaşma ukybynyň bozulmasynyň depressiw keýplisinde esasylary hökmünde depressiw keýp, gorky, umytsyzlyk ýaly alamatlar ýüze çykýar. Aň-huşuň, pikirleriň ähli mazmuny stres ýagdaýyna gönükdirilip, şolarda jemlenýär. Hatda depressiýa uzaga çekip görnetin öçügsilenende-de, başdan geçirilen zatlar barada oýlanmak agdyklyk edýän hyýala getirmelere öwrülende-de şonuň mazmuny doly ýitirilmän saklanylýar. Başdan geçirilen zatlaryň totänlikde ýatladylmagy täzeden, wagtlaýyn-da bolsa, näsagyň göwnüçökgünligini, sustupesligini güýçlendirmäge ýeterlik bolýar: käte şoňa känbir degişli bolmadyk pikirlerdir ýatlamalar näsagyň umytsyzlygyny güýçlendirýär. Gündizlerine gündelik işler bilen gümra bolmaklyk kähalatlarda näsagy gynaýan ýatlamalardan ünsüni sowmaga mümkinçilik berýän hem bolsa, olar ýene uzak wagtlap hopukdyryjy düýşlere girip, näsagy birahatlandyryp durýar. Depressiýanyň içki duýgularda şöhlelenmegi kän bir takyk bolman, köplenç halatda näsagyň keýpini gaçyryp, janyny ýakýar-da, çökder tukatlyga getirmese-de «durmuşdan köýmek» diýilýän ýagdaýy döredýär. Adatça, tankydy goraýyş, özünde keseliň bardygyna düşünmek bozulman saklanýar. Keseliň bu görnüşi agyr depressiw bozulmadan we çylşyrymlaşdyrylmadaky ýitgiden döreýänlerinden tapawutlandyrylmalydyr.

Uýgunlaşma ukybynyň howsalaly keýpli görnüşde geçýän bozulmasy, adatça, saglyga, durmuşyň abadanlygyna ýa-da işdir wezipä howp salýan ýagdaýlary döredýär. Näsaglar ähli durky, bar küýi-pikiri bilen başdan geçirlen strese batyp, diňe şony ýatlap, şol barada oýlanýarlar-da gorka, göwnüçökgünlige, sustupeslige batýarlar, öz ykbaly, ýakyn garyndaşlarynyň gelejegi barada howsala düşüp, şu ýagdaýyň nähili we näme bilen gutarjaklygyny alada edip gaýgy-gama batýarlar. Keseliň kliniki suratlanylyşynda agdyklyk edýän howsalaly howatyrlanmalar fobiý görnüşlä ýa-da beýlekileri basmarlap şolardan has üstün çykýan hyýala getirmelere öwrülip, agyr somato-wegetatiw bozulmalara (ýüregiň çalt-caltdan urmasy, howa ýetmeýän ýaly demigmäni, endamyň ýellenmegi, sandyramaklyk) utgaşýarlar. Howsalanyň has beterläp güýçlenen döwri şol ýagdaý hereketlenmeleriň çaltlaşmasy bilen geçip, näsagyň ynjalygyny gaçyrýar-da, kähalatlarda şony ažitasiýa derejesine ýetirýär. Şeýle ýagdaýy howsalaly görnüşde geçýän bozulmalardan tapawutlandyrmalydyr. Uýgunlaşma ukybynyň bozulmasynyň garyşyk alamatlary bilen geçýäni

howsalanyň we depressiýanyň ýa-da gaýry emosiýalaryň utgaşmasy bilen ýüze çykýar.

Bozulmanyň şu görnüşini depressiw hem howsalaly geçýän bozulmalardan tapawutlandyrmalydyr.

Özüňi alyp barşyňa uýgunlaşma ukybynyň bozulmalary näsagyň beýleki adamlaryň hak-hukugyna hyýanat etmesi ýa-da jemgyýetde ýöredilýän düzgün-tertipleriň, şol sanda ýaşa degişlilikde hem bozmagy bilen ýüze çykýar. Edähede girizilip ýöredilýän düzgün-tertipleriň bozulmalary hökmünde işe barmazlygy, uçursyz gödek bolan hereketlere, ýykan-ýumrançylyga, zalymlyga ýüz urulmagyny, awtoulagda başly-barat, pähim-paýhassyz, oýlanyşyksyz hatarly çapyşyklaryň gurnalmagyny, psihoaktiw maddalaryň agdyk ulanylmagyny, töweregindäkilere saý-sebäpsiz topulyp, olaryň tenlerine ýa-da öz-özüni ýepbekläp, öz tenine şikesleriň salynmagyny mysal getirse bolar. Özüňi alyp barşyň şu görnüşli bozulmasyny başga sebäplerden döreýänlerinden tapawutlandyrmaly.

Işde we okuwda döreýän uýgunlaşma bozulmalary. Bu işlemäge we okamaga uýgunlaşmaga päsgelçilik döredýän bozulma bolup, şeýle gylyk-häsiýetleriň şu şahsda ozal bolmadyklarynyň ýüze çykarylmagy bilen häsiýetlenýär. Munda howsalanma bilen depressiýa ýygy ýüze çykýar. Şondaky agyr stres islendik işe ýa-da okamaga bökdençlik döredip, ol hem synaglaryň berilýän döwründe ýa-da hat üsti arkaly edilýän beýannamalar düzülende güýçli howsalanyň döremeginiň netijesinde möhüm bolan iş kagyzlaryny düzüp bilmek ukybyna oňaýsyz täsir ýetirip, ýygnaklarda çykyş etmekligine ýa-da haýsydyr bir gaýry işler bilen oňaýly görnüşde meşgullanmagyna päsgel berýär. Işlenilýän pursatlarda ünsüňi belli bir zada jemlemeklige kynçylyklar döredýän şol ýagdaý işdendir okuwdan gaçganaklamaga mejbur edip, durmuşda özüni alyp barşyna, edim-gylymlaryny dogry ugrukdyryp bilmekligine bolan ukybyny ýitirdýär. Haçan-da, adam işiň we okuwyň kynçylyklary barada pikir etmäninde bolsa, şol kynçylyklar bolmaýar. Şonda näsagyň akyl-paýhasy, hünäriniň hötdesinden gelip bilmek ukyby bozulman saklanýar (geçen döwürde isiniň we okuwynyň düzüw alnyp barylanlygy ýaly).

Bozulmanyň şu görnüşlisi howsalanma hem depressiýa, uky bozulmasy we işdäniň kesilmesi, ozüňi impulsiw görnüşde alyp barmak, gündizki işleriň ýerine ýetirilip, düzgün-tertipleriniň bozulyp bulam-bujar edilmesi, psihotrop maddalaryň artyk ulanylmasy, ýalňyzlykda galma döwtalaplyk ýaly ýagdaýlar bilen hem häsiýetlenip biler.

*Kesel kesgidi.* Kesgit goýulmagyň şertleri:

Durmuş ýagdaýlaryň ýoňsuz derejede özgermegine ýa-da durmuşda bolup geçýän wakalara uýgunlaşmaklyk döwründe ýüze çykýar.

Bozulma şahsy ýykgynlygyň bolmagy, ýöne stresiň ýoklugynda onuň döräp bilmejekligi baradaky subutnamalaryň barlygynda.

Şeýle alamatlaryň bolmagynda:

a) depressiw keýplilik, howsala düşme, howatyrlanmalar;

b) ýagdaýdan baş alyp çykyp bilmezligi, şoňa uýgunlaşmazlygy;

ç) ýerine ýetirilýän gündelik işlerde öndürijiligiň birneme peselmegi;

d) özüňi wejera alyp baryp, nadaralyga ýuz urmaklyga ýykgynlygyň görkezilmegi, gahar-gazaba münüp, uruşdyr dawa-jenjel tutruzybermäge döwtalaplygyň görkezilmegi.

e) stres bilen dörän bozulmanyň tassyklanylýan arabaglanyşygynyň bolmagy – stresiň täsir ýetirip başlan wagtyndan üç aýdan aňry geçmeýän wagtda.

*Bejergisi.*

1. Psihoterapiýa.
2. Trankwilizatorlar.
3. Antidepressantlar.
4. Gurplandyryjy bejerginiň geçirilmegi (witaminler we adaptogenler).
5. Nootroplar bellenilýär.

**Dissosiatiw (konwersion – özgeren) bozulma.** Bozulmanyň şu görnüşine umumy bolan ýatkeşligiň, aň-huşuň, özboluşlylygyň we motorikanyň haýsy-da bolsa biriniň hereketiniň (işiniň) ýitirilmegi, şol işleriň dikeldilip, ýeriniň doldurylmasynyň tranzitor (geçiji) funksiýasynyň bozulmagy girýär. Bu bozulmalar adamzada gadym döwürlerden bäri mälimdir.

XIX asyrda fransuz lukmany Briguet ilkinji bolup munuň psihologiki stresiň netijesinde döreýän nerw ulgamynyň disfunksiýasy (işleýşiniň bozulmasy) diýip kesgitläpdir. Şarkot bolsa isteriýany MNU-nyň nesil yzarlaýjy degeneratiw özgerişleriniň netijesinde döreýär diýip hasaplapdyr, ýöne şunuň ýaly düşünjäni kesgitläp getirenligine garamazdan, ol şony gipnoz arkaly üstünlikli bejeripdir. Janet dissosiýanyň psihologiki taglymatyny öňe sürüp, şonda beýan edilişine laýyklykda konstitusional – genetiki sebäpleriň netijesinde psihikanyň sintetiki işi peselip, şonda-da belli bir ideator we affektiw komponentleri düşünilmezden sensomotor affektleriň aňşyrylmaýan mehanizmleriniň üsti bilen ýüze çykarylýar diýip belläpdir.

E. Krepelin özüniň ýazan psihiatriýa okuw kitabynda isteriki reaksiýalary kesele gaçyp girmeklik ýagdaýy «kesellisiremek» (kesele bukulmak) diýip belläp geçipdir. «Kesellisiremek ýagdaýy» diýilýän düşünje isteriýanyň haýsydyr bir alamatynyň barlygy, durmuşda onuň üçin nähilidir bir peýdaly bähbitleri döredýän, meselem, dörän haýsydyr bir agyr ýagdaýdan çykmaga ýa-da öňünde çydap durup bolmajak ýüregedüşgünç, lenjiňi çykaryp, halys ýagyr eden oňaýsyz şertlerden halas bolmaga mümkinçilik döredýän ýagdaýdygyna esaslanyp aýdylandyr.

I. P. Pawlow «Kesellisiremek» ýagdaýy we «Kesele bukulmak» diýlen düşünjeleri goldap, makullamak bilen adam süňňündäki döreýän wagtlaýyn bozulmalarynyň durmuşda nähilem bolsa belli bir bähbitleri berýänligini nygtap, mese-

lem, jan üçin howply bolan hatarly ýagdaýdan dynmak, şertli reflexleriň döredilme mehanizmi boýunça «Şertli ýakymlylygyň ýa-da islegdir küýsegiň» häsiýetleriniň alnyp, aňda berkidilmegidir diýip belläpdir. Hut şu-da kesel alamatynyň isteriki berkidilişiniň esasyny tutýan ýagdaýdyr.

Psihiki seljermäniň (psihoanaliziň) nukdaýnazaryndan bolsa (Freýd) dissosiasiýanyň esasynda psihologiki goranylyşyň işjeň prosesi, aňdan howp salan hatarly ýa-da islenilmedik ýakymsyz mazmunly elementleriň çykarylmagy diýilýän fenomen ýatandyr. Daşyna çykarylyp bilinmedik emosiýalar görlüp oturylsa, aňşyrylmaýan isleg-pikiriňi ýa-da duýgyňy bildirmek islegi bilen soňra dörejek netijeleriň howatyrly gorkusynyň aralygyndaky ylalaşygy döredýän ýagdaý bolup çykýar. Soňra has äşgär ýüze çykyşyna görä, alamatlar diňe bir islenilmedik emosiýalaryň ýaşyrylmagyna mümkinçilik döretmän, eýsem, çak edilmegi arkaly ret edilen islegiň amala aşyrylanlygy ýa-da özüni gorkuzyjy ýagdaýdan daşlaşdyryp, aranyň açylmagy üçin öz-özüňi özboluşly jezalandyrmaklygyň geçirilenliginiň hem üsti açylýar. Isteriýanyň bejergisiniň esasynda emosiýalaryň ýolundaky blokadany aýyrmak, soňraky emosional agram salynylyşy ýeňletmek (katarsis) we şonuň netijesinde-de hut özünde aňşyrylmaýan emosional goldawyň ýoklugynda fiziki alamatlaryň aýrylyp, ýitip gitmegidir. Bularyň esasynda bolsa psihoanalitiki usulyň düýbi tutulýar.

Dissosiatiw bozulma edil newroz ýaly, adama psihiki şikeslenmäniň salynýan ýagdaýynda döreýşi kimin ýüze çykýar. Hut şundan hem maşgaladaky oňaýsyz ýagdaý, dawa-jenjeller, janyňa howp salýan ýa-da emlägiň ýitirilýän ýagdaýlarynda bolmak, türmä düşmek ýaly sebäpleriň keseliň döremegine getirmegi öz-özünden düşnüklidir.

Kesel nerw ulgamynyň islendik görnüşlisinde-de döräp biler. Bozulma haýsydyr bir zyýanly täsirden nerw ulgamy gowşadylýan ýumşak häsiýetli sypaýy (suratkeş häsiýetli diýilýän) adamlarda we isteroid psihopatlarda has aňsat döreýär. Olaryň süýji-süýji zatlary arzuw edip hyýala getirmeler, howaýy fantastiki toslamalar, özüni ile göz edip görkezmä gönükdirilen oýunbazlykly, wäşi alyp barmak, ýalançylyk, her edip – hesip edip töweregindäkileriň ünsüni özüne çekmek, aslyýetinde ýok ýerinden özüni has ähmiýetli adam ýaly çişirip görkezmek, üýtgeşikligi bilen beýlekilerden düýpgöter tapawutlanýanlygyny bildirmäge çalyşmak ýaly zatlar häsiýetli bolýar. P.B.Gannuşkiniň belleýşi ýaly, olaryň emosional durmuşy, ynjykdan durnuksyz, duýgulary ýüzleý, adamlar bilen edýän aragatnaşyklary sowuk-sala, gyzyklanmalary düýpli däl, olaryň öňlerinde goýan maksat-matlaplaryna ýetmäge gönükdirilen erk-ygtyýary uzaga çekýän dartgynlyga çydamsyz bolup, göz açypýumasy tizlikde küýselýän üstünlige getirip, ýeňiş baýragyna eýe bolmaga, töweregindäkileri aňk edip, haýran galdyrmaga, edil onuň garaşyşy ýaly hemme wagt getirmeýär. Olaryň pikirlenişi gapma-garşylyklylygy bilen haýran galdyrýar, logiki deňeşdirmeleriň, hakykaty sagdyndan pähimli hem ýerlikli bahalandyrmaly bol-

sa esassyz toslamalar, çensiz-çäksiz bolan hyýallar bilen doldurylýar. Adatça, olar ynanjaň bolýarlar.

Hassalaryň ýaramaz häsiýetleriniň, öňi bilen tebigy dälliginiň hem-de ýasama ýalanlygynyň üsti ýuwaş-ýuwaşdan açylyp ýüze çykarylýar. Olaryň edýän her bir işi, üm-yşaraty, islendik hereketi daş-töweregindäki synlaýja gönükdirilip, olaryň üsti bilen adamlary haýran galdyrmaga synanyşýarlar.

Asteniziýa (gowşaklyk) alyp baryjy zyýanly täsirleri ýetirýän dürli zatlar gylyk-häsiýeti kakynly däl adamlarda-da bozulmanyň ýüze çykmasyna getirýän şertleri döredip biler. Şeýle-de, şoňa dürli ýokanç kesellerem, bedende geçýän inwolýusion özgermeleri, zaýalanan iç agzalarynyň ýetirýän reflektor täsirleri, beýni çişleri, ýaýbaň skleroz we MNU-nyň gaýry keselleri, bedeni arrykladyp, tapdan düşürýän dürli faktorlar (nahary wagtly-wagtynda hem doýa-gana iýmezlik, ukyny ýeterlik almazlyk, uzaga çekýän emosional dartgynlyk) ýaly ýagdaýlar hem şu bozulmanyň döremegine ýardam edip biler.

Dissosiatiw bozulmalar, köplenç halatda, ýaş adamlarda – 16 ýaş bilen 25 ýaş aralygyndakylarda döreýär. Şeýle-de, ol çagalarda-da duş gelip biler.

*Kliniki keşbi.* Dissosiatiw bozulmalar alamatlarynyň biçak köpdürlüligi hem-de özgerenligi bilen häsiýetlenýär. Bu bir tarapdan ilkibaşda isteriki bolmadyk dürli bozulmalaryň onda adaty berkidilme ýoly bilen, beýleki tarapdan bolsa, näsagyň özi üçin «şertli ýakymlylyga islenilmegine» eýe bolan haýsydyr bir keseliň ynama we ynandyrylma mehanizmi arkaly aňynda berkidilip, adamyň haýsydyr bir keseliň ýüze çykyp bildirmegine göz ýetirilişiniň hiline görä, şoňa gabat gelýän düşünjeleri bilen, meselem, ýüzleýligi hem sadalygy arkaly düşünse bolar.

**Dissosiatiw amneziýasy (huşuň ýitirilmegi).** *Epidemiologiýasy.* Uruş döwürlerinde hem-de tebigy heläkçilikleriň döreýän pursatlarynda has ýygjam duşýan adaty görnüşli bozulmadyr. Köplenç halatda, ýetginjeklerde we ýaş adamlarda duş gelip, erkeklere garanyňda aýallarda köpräk döreýän bozulmadyr. Anmeziýanyň dürli derejedäki görnüşleriniň alamatlary urşa gatnaşan ýaralylaryň gospitala düşenleriniň 5-20%-de duş gelip, bozulmanyň ýüze çykyşynyň ýygjamlygy stresiň tutýan ornuna we güýçlüligine bagly bolýar.

*Etiologiýasy.* Amneziýa käbir halatlarda öz-özünden döreýän ýaly bolup görünýänem bolsa, onuň anamneziniň siňňitli öwrenilmegi, adatça, itergileýji ýagdaýyň we psihologiki dawalar bilen baglanyşykly psihiki şikesleriň barlygynyň üstüni açmaga mümkinçilik berýär. Şol itergileýji ýagdaýyň has häsiýetli bolanlary – jana olüm howpunyň abananlygyny we şondan sypyp boljak bolmajaklygyny duýmany başdan geçirmek, mertebäňi biçak kemsidip uýaldýan ýa-da göwnüňe deglip mertebäň kemsidilmegi, hakyky ýa-da hyýala getirmeli emosional ähmiýetli bir zady ýitirmek ýaly zatlar girýär. Amneziýanyň döremegine öz hususy başdan geçirmelerine, dowul döredip, howsalaly hem gowgaly başagaýlyga salýan ýagdaýa (agressiw, sosial), ahlaky-salyhatlylyk taýdan

wyźdanyň çatyp göterilip bolunmajak täsirlere reaksiýalaryň berilmegi hem getirip biler.

*Kliniki keşbi.* Amneziýanyň epizody güýçli başlanyp, adatça, näsag huşunyň ýitirilenligine gözi ýetip düşünýär, ol şoňa özünde dörän hakyky kesel hökmünde ýa-da biperwaý garap biler. Amneziýanyň has ýygy duşýany huşuň gysga möhletleýin ýitirilmegi (köplenç halatda, amneziýa bir günden ýedi güne çenli dowam edýär) bilen häsiýetlenýär. Şeýle-de amneziýa ýaýbaňlandyrylan retrograd (ýagny haçan-da ozalky durmuşyň dowamyndaky başdan geçirilen zatlaryň ählisiniň ýatdan çykarylmagy), saýlanyp alynýan ulgamlaşdyrylan (bellibir wakalara huşuň gysga möhletleýin ýitirilmegi) we yzygiderli anterograd, haçan-da geçip duran her bir soňky wakanyň ýatdan çykarylmagy bolup, şol hem näsagyň doly süňňi sagatlygyndaky hem-de hemme zada akylynyň çatýan ýagdaýyndaky başdan geçirmeleridir. Amneziýa epizodynyň döwründe näsag niredeligini, nämeler edip ýörenligini, wagtyň-sagadyň näçeligini bilmän, başy çaşyp many-maksatsyz, özüne gowy tanyş bolan zatlaradyr ýerlere düşünmän hem adamlary tanaman, gözi ümezlän ýaly aýlanyp ýörýär. Kähalatlarda näsag özüniň adaty bolşuny, keşbini özgertmän saklap, haýsydyr bir edilip ýörlen gündelik işleri göwnejaý ýerine ýetirip hem bilýär. Amneziýa näsaga ilkinji (huşundan ýakyn adamsynyň ölümi baradaky ajy ýatlamany aýyrmagy bilen), şeýle-de ikinji (esgeriň aldym-berdimli söweş gidip duran meýdanyndan, ýagny janyna howply bolan ýerden çykarylyp daşlaşdyrylmagy ýaly) peýdalary hem getirip biler.

Amneziýanyň epizody duýdansyz başlanylyşy ýaly duýdansyz gutaryp hem biler. Aýratynam, ikinji görnüşdäki peýda getirýän amatly ýagdaý dörände ýa-da ilkinji tijendirijiniň täsir etmegi gaýtalanynda amneziýanyň dowamlylygy uzalyp biler. Näsag amneziýadan çykanda kähalatlarda bolup geçen zatlaryň aýry-aýry elementleri huşda ýatlanylyp gaýtalanylyp bilner.

*Kesel kesgidi.* Dissosiatiw (isteriki) bozulmalaryň ählisinde ýagdaý iki sany umumy kesgitleniş bahalandyrylyşyň ölçeglerine gabat gelmelidir: 1) ýagdaý şu bozulma häsiýetli bolan somatiki keselleriň alamatlary bilen häsiýetlenýänlerini düşündirip bolýanlygy bilen; 2) dissosiatiw bozulma bilen psihiki şikesi ýetirýän hadysalardyr alamatlar ýa-da talaplar bilen wagtlaýyn bolsa-da ynamly baglanyşygyň bolmagy. Mundan başga-da, amneziýa dörände aşakda getirilip görkezilen alamatlaryň bolmagy hökmanydyr: 1) bölekleýin ýa-da doly amneziýanyň döremegi, şikes ýetirilmeginde bolýan stres ýagdaýlaryň döremegi; 2) ýüze çykarylmanyň ähli görnüşlerinde amneziýanyň has äşgär ýüze çykarylyp durnukly häsiýete eýe bolmagy, ýagny şonuň adaty ýatdan çykarylýanlygynyň ýa-da jögülik edilip görkezilýänliginiň düşündirilmekligi zerurdyr.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Organiki sebäpli dörän global tranzitor amneziýa stres bilen baglanyşykly bolman, dowamlylygy psihogenlilerden uzaga çekýär, öz şahsynyň kimligine göz ýetirip bilmegi seýrek bozulýar, köplenç halatda huşuň

uzaklaýyn bozulmagyna garanyňda onuň gysga möhletleýinlisine zeper ýetirilýär, konfobulýasiýalar psihogen anterogradlylara garanyňda hakykata ýeterlik bap gelmezligi bilen häsiýetlenýär. Bu ýagdaý adaty beýni damar patologiýasy bolan ýaşy birçene baran adamlarda ýüze çykýar. Organiki bozulmalarda huş ýuwaş-ýuwaşdan dikeldilip, ýöne öňki kaddyna seýrek ýetýär. Psihogen amneziýada gipnoz geçirilende ýa-da amital-kofein tijendirilme geçirme arkaly dartgynlygyň gowşadylmagy bilen huş dikeldilýär. Organiki amneziýada bolsa şuny gazanmak mümkin bolmaýar.

*Bejergisi:* ýatdan çykarylan wakalary dikeltmek üçin psihogen seljerme (psihoanaliz), gipnoz bejergi, amital-kofein tijendirmeli narkopsihoterapiýa geçirse bolar.

**Dissosiatiw fugasy (gorkusy).** *Etiologiýasy.* Muňa ýykgyn etdirýän ýagdaýlara meýli içgileriň agdyk ulanylmasy, şahsyň emosional durnuksyz isteroid ýa-da şizofreniki görnüşliligi, şeýle-de şunda geçirilýän affektiw patologiýasy degişlidir. Onuň esasynda bolup geçýän ýagdaýlardyr wakalar sagdyn bolmadyk görnüşinde kabul etmekden arany açma islegi bilen baglanyşykly bolan psihologiki ýagdaýlar ýatandyr. Heläkçilikli ýagdaýlardan başga, fuga durmuşy psihososial stres (mertebäňe degilmek, emosional ähmiýetli ýitgilere uçramak, şowsuzlyk, maşgala oňşuksyzlary) sebäplere görä-de döräp biler.

*Kliniki keşbi.* Fuga amneziýa bap gelýän ýagdaýa görä, adamyň duýdansyz çykyp bir ýerlere, hatda uzak ýerlere-de başyny alyp gidibermesi bilen häsiýetlenýär. Psihogen amneziýasyndan tapawutlylykda näsag fuga epizodynda huşunyň bozulanlygyna düşünmän, daşyndan göräýmäge niredeligini, nämeler edip ýörenligini aňşyryp bilmeýäne meňzemeýär. Onuň başga bir täze şahsyň ornunda çykyş etmegi, adatça, öz hususy şahsyndan tapawutlanman, onuň sypatlary täzäni baýlaşdyrman ýa-da öçügsilendirilip bölekleşdirilen görnüşlerde-de bolup biler. Fuganyň dörän wagtynda daşyndan göräýmäge onuň özüni alyp barşy mahsus psihiki şikeslenme reaksiýasyny bermegi görkezjege meňzemeýär. Näsag özüni başgaça atlandyryp, başga bir işlerdir hünär bilen meşgullanyp hem, çylşyrymly sosial aragatnaşyklara girişip hem biler. Ýöne, adatça, ol özüne ünsi çekäýjek üýtgeşik bolan zatlary etmeýär. Käbir halatlarda epizodyň başlanýan döwründe gyzmalygy görkezip, uruş-sögüş turuzýan ýerleri-de bolýar – aň-huşuň gysga möhletleýin omnabulýasiýa tapgyry fuganyň dowamlylygy, adatça, birnäçe sagatdan birnäçe güne çekýär. Seýrek halatlarda fuga birnäçe aý dowam edip, şol döwürde näsag müňlerçe kilometr ýoly pyýadalap geçibem biler. Epizodyň tamamlanylyşy başlanylyşy ýaly, köplenç halatda, gijeki ukudan oýanan wagty birden duýdansyz bolup geçýär. Epizodyň bolmazyndan öň bolup geçen zatlaryňdyr ýagdaýlaryň hakyda getirilmegi fuganyň geçen wagtyndaky bolup geçen zatlaryň bölekleýin ýa-da doly ýatdan çykarylmagy bilen häsiýetlenýär. Şolaryň residiwleri (gaýtalanmalary) seýrek ýagdaý hasaplanylyp, ýöne şeýle näsaglarda gaýry dissosiatiw bozulmalar bilen bagly bolan komorbidlilik ýokary bolýar.

*Kesel kesgidi.* Dissosiatiw bozulma kesgidiniň goýulmagy üçin umumy dissosiatiw bozulmalara häsiýetli bolan alamatlardan daşary aşakda getirilip görkezilen bahalandyrylyş ölçegleriniň berjaý edilmegi gerekdir: 1) bir oturymly ýerinde uzak ýaşap endik edilen ýerden duýdansyz çykyp, şondan arany açyp, düýbünden nätanyş bolan başga bir ýerlere gitmek. Daşyndan göräýmäge epizodyň başdan-aýak ähli döwründe özüni tertipli, başarjaň alyp baryp, özüne hyzmat etmegi oňarmak; 2) epizody bölekleýin ýa-da tutuşlygyna hakydadan çykarmak.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Beýniniň organiki bozulmalarynyň esasynda fugalarda, adatça, özüňi alyp barşyň stres ýagdaýlar bilen şertlendirilmän, psihogen fugalaryndaky ýaly beýleki bir çylşyrymlaşma, sosial taýdan uýgunlaşyp bilmeklik bolmaýar, hut şu ýagdaý bulardan daşary näsagyň özüni tanap, kimligini bilmegi bozulman saklanýan, paroksizmal bozulmalaryň görkezýän alamatlarynyň barlygy bilen tapawutlanýan çekge garaguşagyrysyna-da degişlidir.

*Bejergisi.* Munuň bejergisi dissosiatiw amneziýanyňka meňzeşdir. Näsagyň fuganyň epizod ýagdaýyna düşünýänliginiň üstünde jikme-jik döwnelip saklanylmanyň derkarlygy ýokdur. Onuň bozulmanyň stres ýagdaýlaryndan çykyp bilmän, gönükdirilen täsirli endikler bilen üpjün edilmegi, şolaryň döredilmegi has wajypdyr.

**Dissosiatiw stupor.** Bu hem psihogen sebäpler bilen döredilýär. Fiziki sebäpler bolmadyk stupor erkine buýrulyp edilýän hereketleriň we gürleýşiň ýoňsuz derejede peselmegi ýa-da şolaryň togtadylmagy bolýar. Şeýle-de, onda yşyga, sesdir owaza, tenine degilişine reaksiýalaryň berilmezligi hem duş gelýär. Myşsalaryň tonusynyň, dem alşyň, göwräni dikligine öz erkli saklap bilmesiniň bozulýanlygy, göz almalarynyň hereketleriniň ugrukdyrylyşynyň peseldilip çäklendirilýänliginiň ýygjam ýüze çykýanlygy bellenilýär. Näsag ne ukuda, ne-de oýalykda bolýar.

Dissosiatiw stupory MNU-nyň organiki kesellerinden, katatoniki, akinetiki, apatiki depressiw stupordan, şeýle-de paranoidli ýa-da gallýusinasiýaly başdan geçirmeler bilen şertlendirilen stupordan tapawutlandyrmaly. Meseläniň çylşyrymlaşyp kynlaşmasy dissosiatiw görnüşde başlanan stupor, katatoniki ýa-da depressiw geçip bilýänliginden ybaratdyr.

Dissosiatiw stuporyň bejergisi psihiki seljermä berilýän soraglara jogap gaýtarma gönükdirilen psihoterapiýany öz içine alýar.

**Translar we özboluşly gümra bolma ýagdaýy.** Bu ýagdaý gadym zamanlardan bäri mälim zatdyr. Ýewropanyň medeniýetinde munuň has görnükli mysaly – medium ýagdaýydyr, ýagny spiritiki seansy geçirip, onuň öz erkine bagly bolmadyk ýagdaýda hut özüniň sesi bilen gygyran ruhlary gürleýär diýip hasaplaýar. Munda şahsyň (özüniň) özüne meňzeşliginiň duýulmasynyň ýitirilmegi döräp, töwerekde bolup geçýän zatlar aýdyň duýulman, olara düşünilmeýär. Ähli hereketleriň, özüňi alyp barşyň, edim-gylymlaryň başga bir şahs, ruh, Hudaý taraplaýyn, haýsydyr bir gapdaldan täsir edýän del güýç bilen ugrukdyrylýan ýaly bolýar. Kähalatlarda görüş

gallýusinasiýalaryň bolup biläýmeginde şuňa meňzeş ýagdaýlar ýokary tizlikdäki monoton hereketlenmelerde nazaryň haýsydyr bir gymyldamaýan zada dikilmeginde, awtoulaglary sürüjilerde-de döreýär. Dini ýa-da gaýry meditasiýalar (adamyň aňyna täsir edilip psihikasynyň çuňlaşdyrylma hem dykgatlandyrylma ýagdaýyna getirilip endamynyň dartgynlygynyň gowşadylyp süňňüniň rahatlandyrylmagy, emosiýalaryň ýatyrylmagy) geçirileninde autogipnozyň usuly ulanylýar. Transa girip bilmek ukyby ýokary bolan şahslar beýlekilerden ünsüni jemläp bilmä bolýan ukybynyň ýokarylygy, fantastiki toslamalary oýlap tapmaga ökdeligi, adamlary güýmäp bilmäge ezberligi bilen tapawutlanýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Muny şu sindromyň birinji derejeli gaýry alamatlar we emosional – erk bozulmalary bilen utgaşdyrylyp geçýän şizofreniýadan, şeýle-de soňra amneziýa bilen tamamlanan garaguşagyry transynda döreýän özboluşly gümra bolmadan tapawutlandyrmalydyr. Gudratly güýje girme ýagdaýyň we translaryň döremegi induktiw ýagdaý hökmünde dini sektalaryň agzalarynda-da döräp biler.

*Bejergisi.* Rasional psihoterapiýa, psihiki seljerme, geştalt terapiýa geçirilip, trankwilizatorlar berilme arkaly amala aşyrylýar.

**Hereketleriň we duýgularyň dissosiatiw bozulmalary.** *Epidemiologiýasy.* Şu bozulma babatdaky milletiň arasyndaky bolan maglumatlar megerem gaty bir takygam däl bolsa gerek. Psihiatriýa ambulatoriýasyna gatnaýan näsaglaryň arasynda olaryň sany 5-15%-e barabardyr. Erkeklere garanyňda şu bozulma bilen psihiatr lukmana ýüzlenýän aýallaryň sany 2-5 esse köpdür, aýratynam ýetginjeklerde hem-de aýallaryň arasynda ýygy duşýar. Näsaglaryň arasynda sowady pes hem-de maddy taýdan üpjünçiligi ýaramaz bolan oba ýerleriniň adamlary agdyklyk edýär.

*Etiologiýasy.* Psihologiki stres, dawa-jenjellerden gaçyp keseli gaçybatalga edinmek.

*Kliniki keşbi.* Şu bölüm isteriýanyň ýüze çykyşynyň mälim bolan taryhy çeýeligini we kliniki suratlanylyşynyň köpdürlüligini şöhlelendirýär. Munda organiki kesgidiň bolmazlygy zerurdyr, ýöne şolam kesgidiň goýulmagy üçin ýeterlik bolmaýar, çünki näsaglaryň, takmynan 40%-de şu kesel bilen bilelikde geçýän newrologiki ýa-da somatiki keselleriň bardygy hem belli edildi. Munda kesele häsiýetli bolan psihodinamiki kanunalaýyklyklaryň üsti açylmalydyr: şahs dawasy, keselden ilkinji (dawanyň dezadaptiw anesteziýasy) we ikinji (sosial) bähbitleriň alynmagy. Daş-töwerekdäkilere keseliň alamatlarynyň ýüze çykyp bildirmegi munuň hökmany şertleriniň biri bolýar. Çünki näsagyň özüniň şolara biparh garamagy keseliň barlygynyň üstüniň açylmagyna päsgel berýän ýagdaýdyr.

Näsaglar töwerekdäki synlaýan adamlarynda görýän alamatlaryna öýkünip, şolary ýygjam gaýtalaýarlar. Ýöne şonda olaryň ýüze çykarylyşy hakyky bolmalysyna gabat gelmän, çyn newrologiki alamatlara meňzemän, näsaglaryň kesel baradaky ýöntem düşünjelerini, anatomiki innerwasiýanyň amala aşyrylyşyny

bilmeýäligini ýüze çykarýar. Hereketlenmeleriň bozulmalary bir tarapdan parezler, paraliçler we kontrakturalar bilen ýüze çykarylyp, çylşyrymly hereketleriň amala aşyrylmagynyň mümkin dälligini aýan edýär, beýleki tarapdan bolsa dürli giperkinezleriň döreýänligini görkezýär.

Isteriki ysmazlar we kontrakturalar adaty umumy bölünişige laýyk gelýän zatlara (ele, penjä, barmaklara we ş.m.) degişli bolup, köplenç halatda bedeniň şol ýeriniň bir ýa-da birnäçe nerw bilen üpjün edilmegine garamazdan, ol bogunlaryň zeperlenmesini çäklendirýär. Isteriki ysmazlar we kontrakturalar bedeniň aýry alnan bir agzasynda (elde, penjede, barmakda we ş.m.) şonuň bir ýa-da birnäçe nerw arkaly innerwasiýalaşdyrylyşyna garamazdan, köplenç halatda, bogunlaryň hereketlenip bilmesini ýoňsuz derejede çäklendirýär (monoplegiýalar), haýsy hem bolsa bir tarapky eli hem aýagy (gemiplegiýalar), iki eli ýa-da iki aýagy ysmaz edip biler, (paraplegiýalar), şeýle-de iki elem, iki aýagam birden ysmaz edip biler (tetraplegiýalar). Köplenç halatda, el-aýaklaryň myşsalarynyň ysmazy döreýär. Dil, boýun we myşsalaryň gaýry toparlarynda ysmazyň döremegi seýrek duş gelýär.

Isteriki (dissosiatiw kontraktura, köplenç halatda el-aýaklaryň myşsalaryny zeperläp) isteriki egriboýun ýa-da göwräniň myşsalaryny zeperläp, isteriki kamptokoriýa diýilýän ýagdaýa getirýär. Kähalatlarda gözleri töwerekleýän aýlawly myşsalaryň büzülip düýrülmesem (isteriki blefarospazm) gabat gelýär. Isteriki kontrakturalaryň göwräniň myşsalaryny çekdirip, adamyny burup, büküp, tagaşyksyz gülkünç görnüşlere getirýän ýerlerem seýrek däl. Beýle ýagdaý organiki kontrakturalarda duş gelmeýär. Isteriki parezlerde we kontrakturalarda siňir refleksleri, şeýle-de myşsalaryň tonusy üýtgemeýär. Myşsalaryň trofiki bozulmalary, hatda uzaga çekýän isteriki ysmazlarda-da ujypsyz bolýar. Näsag ukudaka, şeýle-de affekt ýagdaýdaka isteriki ysmazlar we kontrakturalar aýrylýar.

Ysmazlar we parezler, adatça, saýlanylyp alynma selektiw häsiýete eýe bolýar. Olar haýsydyr bir ýagdaýlarda ýüze çykyp, beýleki bir ýagdaýlarda duýdansyz aýrylyp ýitip gidýär. Meselem, ysmaz myşsa beýleki myşsa bilen bilelikde birden düýrülip göwräniň deňagramlygyny saklamaga ýardam edýär. Goranyş ýa-da ýüz-gözüň oýnadylyş hereketleri edilende, şeýle-de ysmaz boýundan asylgy eli birden aşak sallaýsaň (ol gamçy ýaly çolaşyp bulaýlanman), endiganlyk bilen aşak inýär. Şu ýagdaýlar isteriýada gürrüňiň ysmazyň doly manysynda bolman, öz erkiňe hereketleriň edilip bilinmezligi barada gidýär.

Isteriki giperkinezler köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Olar dürli yraň atmalar görnüşinde titremeler bilen ýüze çykyp, ähli göwräni ýa-da onuň bölekleýin ýerleriniň sandyramagy, köplenç halatda hereketleri amala aşyrýan myşsalaryň psewdospazmyna utgaşybam biler. Şeýle titremeler tolgunanda güýçlenip, rahat ýagdaýda aýrylyp ýitip gidip biler. Adatça, olar näsag ukudaka aýrylýar. Şolaryň emosiýalaryň täsirinden güýçlenmegini, näsag ukudaka bolsa aýrylyp ýitip gidýänliginiň bellenilmegi hem gerekdir. Olaryň beýniniň daşky gabyk asty

düwünleriň organiki zeperlenmesi bilen şertlendirilen dowamly giperkinezlere we atetozlara häsiýetlidigem bellenilmelidir.

Affektiw ýagdaýyň görnetin ýüze çykmagynda giperkinezleriň ýoklugy (meselem, ýoldaşlary bilen gyzgalaňly jedelleşmä girişende) organiki şertlendirilen isteriki we organiki giperkinezlere häsiýetli däldigi olaryň ýasama häsiýetlidigini görkezýär. Isteriýada sag eliň giperkineziniň hem-de kelläniň rotator (pyrlanma) hereketleriniň döremesem seýrek däl.

Isteriki giperkinezlere, organiki zeperlenmelere garanyňda olaryň psihiki şikeslenme bilen baglanyşykly ýitip gidýänligi, giperkineziň özboluşlylygy bilen tapawutlanyp lukmana näbelli görnüşde ýüze çykmagy, organiki alamatlaryň ýeterlik derejede bildirmezligi, bejergi geçirilmäniň netijesinde, meselem, psihoterapiýanyň geçirilmeginde, şeýle-de psihiki şikeslenmäni ýetirýän ýagdaýyň güýçlenmeginde giperkineziň peselmegi ýa-da wagtlaýyn aýrylyp gitmegi häsiýetli bolýar. Duýgurlygyň isteriki bozulmalary, köplenç halatda, anesteziýalar we gipersteziýalar hem-de isteriki agyrylar bilen ýüze çykarylýar. Anesteziýalaryň we gipersteziýalaryň tutýan meýdanynyň üleşdirilmegi dürli görnüşlerde geçirilip bilner. Şol aýry-aýry nerwleriň ýaýran ýerlerine, duýgur kökjagazlaryň innerwasiýany amala aşyrýan sebitlerine laýyk gelmän, näsagyň beden işiniň üleşdirilişi baradaky ýöntem düşünjeleri bilen baglanyşykly bolýar. Şonuň bilen baglanyşykda-da, köplenç halatda bu anesteziýalar hem gipersteziýalar göwräniň dogry geometriki liniýalaryndaky bölekleriniň çäklendirilenleri bolup, şonuň netijesinde-de «amputasion» (kesilip aýrylan) görnüşde – jorap, ellik, penjek, göwräniň ýarpysy we ş.m. ýaly anesteziýaly bölekler peýda bolýar. Duýgy agzalarynyň isteriki üýtgemeleri, esasan, görüş we eşidiş ukyplarynyň bozulmalary bilen ýüze çykýar. Doly isteriki körlük (isteriki amawroz) bir gözde-de, iki gözde-de bolup biler. Bir gözde isteriki körlük döräninde binokulýar görüş saklanylýar, çünki şonda näsaglar «kör» bolan gözünden peýdalanýarlar. Iki gözde-de doly isteriki körlük bolanynda, näsaglar hiç zat görmeýändiklerini» doly ynam bilen aýdýanam bolsalar, hakykatdan welin görüjilik kabul edilişiniň abat saklanyp galanlygyna düşünýärler, ýagny şoňa akyl ýetirmeselerem «görýärler». Şonuň bilenem şeýle «körlükde» näsaglaryň howply ýagdaýlara düşýändikleri düşündirilýär. «Kör göze» ýşyk gönükdirilip, EEG geçirileninde ýşyk arkaly gyjyndyrylma ýetirilişine reaksiýanyň barlygynyň üsti açylýar.

Näsaglaryň «düýbünden hiç zat eşitmeýänligine» garamazdan, isteriki kerlikde nähili-de bolsa ses gyjyndyryjylaryny, olaryň çaslydygyna ýa-da çylşyrymlydygyna bagly bolmaýanlaryny eşitmek bolýar. Şeýlelikde, bu ýerde kerligiň, töwerekdäki zatlaryň eşidilişiniň saýlanylyp alynma häsiýetlidigi ýüze çykarylýar, şol gyjyndyryjylaryň haýsydyr birlerine ýaýrap, beýleki birlerine ýaýramaýar. Şonda «iki gulagam gapylan» näsaglar eşidiş ukybyny müdimilik ýitirendiklerini ynam bilen aýdýarlar-da, sesiň çykyşynyň güýçlüligine, çaslylygyna ýa-da çylşyrymlylygyna garamazdan, şolaryň hiç birini eşitmeýändiklerini belleýärler.

Olar sesleri eşidip bilýänligine düşünmeýärler. Ýöne şol bir wagtda-da, kähalatlarda käbir sesleri eşidýärler.

Isteriki tutgaýlar köpdürlüligi bilen tapawutlanyp, näsagyň keseliň alamatlaryna düşünişi bilen baglanyşykda özgerip durýar. Köplenç halatda isteriki tutgaýlary garaguşagyry tutgaýlaryndan tapawutlandyrmaly bolýar.

Isteriki tutgaýlar diňe näsag üçin «şertli görnüşde ýakymly ýa-da ýakymsyz» bolanlarynda döreýär. Şonuň üçin isteriki tutgaýlar nasagyň töwereginde ony synlaýan «tomaşaçylar» bolanda döräp, olar gidenlerinden soň bolsa tiz aýrylyp, ýitip gidýär. Tutgaýlaryň ýygjamlygy töwerekde dörän ýagdaýlara bagly bolup, olar käteler tiz-tizden tutup, olaryň gün içindäki sany onlarçadan geçýär-de, soň birden tapba kesilýär. Adatça, näsag nätanyş adamlaryň arasynda bolanda (köçede) tutgaýlary tutmaýar. Olar şeýle-de ýekelikdekä, meselem, bir özleri çola tokaýdaka ýa-da öýdekäler tutgaý bolmaýar. Adatça, tutgaý näsag ukudaka, şeýle-de işdekä-de nämedir bir ýakymsyz zadyň barlygynda ýa-da işdeş ýoldaşlarynyň özündäki tutgaýyň barlygyny bilmezliklerini gazanmak üçin dörедilmeýär.

Isteriki tutgaýlardan tapawutlylykda garaguşagyry tutgaýlary islendik ýagdaýlarda-da döräp bilýär. Meselem, näsagyň ýeke özükä-de, köçedekä-de, işdekä-de, uklap ýatyrka-da tutýar. Isteriki tutgaý tutanynda näsaglar emaýlyk bilen süýnüp ýatmaga, oturmaga ýa-da ýumşak ýere ýykylmaga ýetişip, tenlerine şikes ýetirtmeýärler. Garaguşagyry tutgaýlylaryň endamynda bolsa tutgaýlar tutanyndaky ýykylyp-sürüşmelerden alnan ýanyklar, çapyk ýara yzlary hemişe tapylýar. Isteriki tutgaýlylarda ýüzüň birden üýtgäp, gök-dalak bolmagy, diliň gyralarynyň dişlenilmelerden galdyrylan ýara yzlaryny görmegem, tapmagam bolmaýar. Ol garaguşagyry tutgaýyndaky ýaly öz erkine bolmadyk buşugmalar, beýhuş bolup özüni bilmeýän halatlarynda uly täretiň edilmegi ýaly zatlar bolmaýar. Garaguşagyry tutgaýlary üçin bolsa şeýle ýagdaýlar hökmany bolmasa-da, köplenç, diýseň häsiýetli bolýar. Isteriki tutgaýlarynda göreçleriň yşyga bolan reaksiýasy bozulman saklanýar, huşundan gidilme alamaty şeýle bir çuň bolmaýar. Agyrylara bolan reaksiýalaram, şeýle-de naşatyr spirtiň uçursyz ýiti ysyna bolan reksiýalar isteriki tutgaýlylarda bozulman saklanýar.

Myşsalaryň çekilip düýrülmesi isteriki tutgaýlylarda, adatça, el-aýaklaryň giň gerilmegi ýa-da hereketleriň ünsüni özüne çekäýjek täsirli owadanlygyň göwre bükülip «isteriki ýaý» diýilýän şekile getirilýär. Garaguşagyry tutgaýlarynyň adatylaryna bolsa myşsa-siňirleriň gysga möhletleýin toniki çekme tapgyry häsiýetli bolup, soňra myşsa-siňirleriň kloniki kakynmasy bilen çalşyrylýar. Garaguşagyry tutgaýlary 5 minutdan uzaga çekmän, tutgaýdan soň, köplenç halatda näsag çuňňur uka gidýär ýa-da onda güň bolma ýagdaýy döreýär; isteriki tutgaýlar bolsa 10-20 minut, ondanam köp wagt dowam edip, tutgaýdan soň näsag uka-da gitmeýär, güň bolma ýagdaýyna-da düşmeýär. Garaguşagyry tutgaýyndan soň näsaglarda siňir

refleksleri ýatyrylyp, piramid alamatlary peýda bolýar, isteriki tutgaýlardan soň bu zatlar asla bolmaýar.

*Kesel kesgidi.* Şu bozulmalaryň ähli toparyna öňi bilen dissosiatiw bozulmalaryň umumy alamatlary häsiýetli bolýar. Motorikanyň dissosiatiw bozulmalarynyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilip görkezilen alamatlaryň bolmanda birine gabat gelmelidir: 1) erkine buýrulyp edilýän hereketleriň doly ýa-da bölekleýin ýitirilmegi, sol sanda gürläp bilşi; 2) koordinasiýanyň dürli ýa-da özgerip, üýtgäp durýan derejeli bozulmalary, ataksiýa ýa-da başga biri goldaw berip durmasa aýak üstünde durup bilmezlik; 3) bozulma getirip biläýjek äşgär ýüze çykarylan organiki üýtgemeleriň bolmazlygy.

Dissosiatiw anesteziýanyň we kabul ediliş duýgurlygyň ýitirilme ýagdaýyna kesgidiň goýulmagy üçin, ýagdaý aşakda getirilip görkezilen alamatlaryň birine gabat gelmelidir: 1) ähli teninde ýa-da şonuň dürli zolaklarynda deri duýgurlygynyň bölekleýin ýa-da doly ýitirilmegi (eldegirme, sançma, wibrasiýa, temperaturanyň üýtgäp durmagyna); 2) görşüň, eşidişiň we ys alşyň bölekleýin ýa-da doly ýitirilmegi; 3) bozulma getiribiläýjek äşgär bildirýän organiki özgermeleriň bolmazlygy.

Dissosiatiw isteriki tutgaýlaryň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilip görkezilen alamatlara laýyk gelmelidir: 1) garaguşagyry tutgaýlarynyň dürli görnüşlerine çalymdaş bolan garaşylmadyk halatda birden döreýän myşsa-siňirleriň çekilmesi; 2) myşsa-siňirleriň çekişi, huşuň doly ýitirilmegi, diliň dişlenilmegi, teňiňde ganöýülmeleriň döremegi ýa-da ýykylyp-sürüşmäniň netijesinde gaýry ýaralaryň alynmagy, buşugmagy, uly täretiň saklanyp bilinmezligi bilen geçmeýär.

*Bejergisi*. Muny bejermegiň esasy usuly psihoterapiýanyň (psihoanaliz, gipnoz, NLP we başg.) geçirilmegidir. Hökmany şertleriň biri hem näsagyň maddy durmuş ýagdaýyny barlama arkaly öwrenip, şondan näsag üçin ikinji nobatly peýdalaryň alnylmagyna getirýän şertleriňdir ýagdaýlaryň aýrylmagydyr, ýagny keseli gozgaýan zatlardan näsagy dyndarmaly.

**Ganzeriň alamatlar toplumy (sindromy).** Bozulma näsaglaryň psihopatologiki alamatlary gödek görnüşde ile göz edilip, bilkastlaýyn çişirilip görkezilmegi bilen häsiýetlenýär. Näsagyň bolşy bellibir nozologiki keseliň suratlanylyşyna gabat getirilmän, şonuň psihiatriki patologiýadan başy çykmaýanlygyny, düşünmeýänligini görkezýär-de, ol baradaky dogry maglumatlardan bihabarlygyny aňladýar. Şol sebäpli, köplenç halatda soraglara berýän jogaplary hakykata bap gelmän (meselem, köpeltmek tablisasyna degişli bolan) soraglara gaýtarýan jogaplary ýapa degmeýän gödek, hatda gülkünç görnüşli bolýar. Bu sindrom, köplenç halatda erkeklerde duş gelip, ol psihopatiýa ýykgyn etdirýän sebäpleriň esasylarynyň biridir. Munuň gaýry dissosiatiw bozulmalar bilen komorbidliligi ýokary bolanlygy üçin ony bozulmalaryň şu toparyna goşýarlar. Bozulmanyň tamamlanmasy duýdansyz bolup, şol epizodyň geçen döwründäki ýagdaýlara amneziýanyň bilkastlaýyn çişirilip görkezilmesi bilen geçýär. Tapawutlandyrylyş kesgidi geçirilende

bozulmanyň ýaýbaňlygy ünsi özüne çekýär. Jögülik edip, näsag boljak bolýanyň özüni alyp barşy oňa töwerekden synlanylyşyna bagly bolup, göz-görtele özgerdilip durulmagy bilen häsiýetlenýänligi hem hasaba alynmalydyr.

**Köpşahslylygyň bozulmasy.** Ýagdaý şahsyň meňzeşligini her wagt dürli görnüşde kabul edilişiniň tranzitor görnüşde ugrunyň üýtgedilmegi bilen häsiýetlenýär. Şahsyň aň-düşünjeli kabul edilişi, adatça, şahsyň durkuny düzýän tejribäniň, huşuň, gylyk-häsiýetleriň we ukyplaryň giňden we dürli görnüşlerde utgaşmasy bilen kesgitlenýär. Haýsydyr bir erkek ýa-da aýal irden bir hili, agşam bolsa düýbünden başga bir hili bolup görünýär. Şonda onuň öňki ýagdaýy (durky) ýatdanam çykarylyp bilner. Munuň ikinji esasy tarapy, özüni nähilidir bir hili ýol bilen öňki şahsa täsir edilip, onuň işleri keseki bir ýadyňka öwrülip, indi ol başga biri ýaly bolup görünýär-de, hususy aýratynlyklara we motorika eýe bolýar.

*Epidemiologiýasy.* Kesellenilişiň sany baradaky takyk maglumatlar ýok hem bolsa, häzirki wagtda onuň ozalky çak edilişinden has ýygy duşýanlygy äşgär edildi. Kesel, köplenç halatda çagalarda we ýetginjeklerde başlanyp, şolardan keselleýänleriň 75-90%-i aýallardyr. Kesellänleriň 20%-niň anamnezinde olaryň aňyrsynda garaguşagyrynyň bolmagy ähtimaldyr, beýleki şahsyň agdyklyk edip ugramagy bilen baglylykda çekge sebitiniň wagtlaýyn agdykdan güýçli işleýänligi çak edilýär.

*Etiologiýasy.* Şoňa ýykgyn etdirýän ýagdaýlar şeýle faktorlaryň utgaşmasydyr: myşsa-siňirleriň çekilip dartylma-titremä bolan ýokary taýynlygy, ösüşdäki psihososial stresiň täsirinden döreýän newrologiki we neýrohimiki gyşarmalar ýaramaz ýagdaýlaryň arasynda birinji orny eýeleýän – cagalykda başdan geçirilen jynsy, süňňi ýa-da psihologiki zor salynmalardyr.

*Kliniki keşbi.* Meňzeşligiň bir görnüşden adatça, şahs diýlip atlandyrylýan beýlekisine geçmegi, köplenç halatda biçak çalt (sekuntlar, minutlar) bolýar. Adamyň iki ýa-da ondan-da gowrak şahslarynyň bolmagynyň birwagtda bildirip ýüze çykmagynda olaryň biri ezber güýçli bolanda şahslaryň hiç biriniň hem ýatlanylmagyna mümkinçiligi bolmaýar.

Ikinji nobatdaky şahs başda öz-özünden ýa-da haýsydyr bir itergi beriji ýagdaýyň netijesinde peýda bolýar. Ugrunyň üýtgedilip çalşyrylmagyna hem ýagdaýyň faktorlaryna bagly bolýar. Klassiki (aňrybaşy) ýagdaýlarda her bir şahs doly integrirlenen (hemmetaraplaýyn doldurylan) bolup, öz ýörelgesiniň serişdeleri bilenem doly üpjün edilip, assosiatiw huşly we öz üniň şahsy gatnaşyklary bolýar. Her bir şahsyň aýry ady ýa-da şonuň esasy wezipesiniň belligi bolýar. Şahslaryň aratapawudy olaryň geýnişine, jynsyna, ýaşyna, aslynyň döreýşine, hünärine we ýerine ýetirýän işine, sesiniň äheňidir ýaňyna, söz baýlygyna, ýüz şekiline ýa-da sag elini has ezber ulanyp işledişine, öwrenilip endige geçen allergiki reaksiýalaryň barlygy ýa-da ýoklugy, hatda okulistiň äýnek almak üçin ýazyp beren dermannamasyna-da degişli bolup biler. Şahsyň häsiýetlendirilişiniň

tapawutlandyrylmasy geçirilen tejribe-psihologiki barlaglaryň netijesinde-de olar şöhlelendirilip bilner.

Barlagdan geçirilip bellige alnanlaryň ýarysynda näsag iki şahsdan gowragyny, ortaça hasapdan bolsa ýedä golaýynyň birligini duýýar. Dürli döwürlere degişli bolan amneziýanyň döremeginde hiç bir üýtgeşik zat bolman, olaryň özlerini alyp baryşlary ýöredilýän düzgün-tertiplere laýyk gelip, diýseň salyhatly görnüp, şonuň netijesinde-de bozulma diňe uzak gözegçilik edilenden soňra ýüze çykarylyp bilinýär. Dissosiatiw (isteriki) bozulmalaryň arasynda keseliň irki, çagalyk döwründe başlanmagy sebäpli, munuň soňlaýşy adatça, ýaramaz bolýar. Bejergi geçirilmezinden näsagyň saglygy doly hem göwnejaý dikeldilmeýär. Sosial uýgunlaşyp bilmek derejesi köp halatda aýry şahslaryň gurluşynyň düzümi we goranylyş derejesi arkaly kesgitlenilýär.

*Kesel kesgidi*. Kesgit goýulmagy üçin ýagdaý ähli dissosiatiw bozulmalara umumy bolan alamatlarda laýyk gelmelidir: 1) adamda iki ýa-da ondan-da gowrak dürli şahslaryň bolup, edil häzirki pursatda, adatça, olaryň diňe birinin ýüze çykyp bilinmegi; 2) şahslaryň her haýsysynyň huşudyr ýatkeşligi we özüni alyp barşynyň özboluşly häsiýetlendirilişi bolup, özi peýda bolanynda şonuň özüni alyp barşyna doly gözegçilik edip bilmesi; 3) wajyp şahsy maglumatlaryna bolan amneziýa ýönekeý ýatdan çykarylmanyň çäklerinden daş çykarylýar; 4) ýagdaý beýniniň organiki zeperlenmesi ýa-da psihotrop maddalar bilen şertlendirilmedik bolmalydyr.

*Tapawutlandyryş kesgidi*. Muny şizofreniýadan tapawutlandyrmak diňe emosional – erk bozulmalaryň we pikirlenişiň endogen prosessine häsiýetli bolan adaty bozulmalaryň hasaba alynmagynda mümkindir. Mundan-da başga şizofreniýaly näsaglar şahslaryň özgermegini, köplenç halatda nähilem bolsa daşardan täsir edilmäniň netijesi hökmünde kabul edip, şony öz sahsyna degişli bir zatdyr diýip hasaplamaýarlar.

Jögülik edip özüni alyp barmakda şahsyň dürli ýagdaýlary, adatça, seýrek polýarizlenen hem ýöntem bolýar-da, olar siňňitli barlanylyp görlende tejribeli eksport aýry şahslaryň tapawutlandyrylyp aýyl-saýyl edilşiniň ýeterlik däldiginiň we şolarda içki bap gelmezligiň barlygynyň üstüni açyp biler.

*Bejergisi*. Üstünlikli diýlip alnan psihiki şikeslenme reaksiýa bermäni we şony ýok etmäge ýardam edip, aýry şahslara bolan mätäçligi kesgitläp şol baradaky dawany açyp görkezýän hem degişli bolan goranyş mehanizmleri ugrukdyrýan instinkt-oriýentirlenen psihodinamiki terapiýa, psihoanaliz saýylýar.

Dermanlar bilen geçirilýän bejergiler oňlarlykly netijäni bermän, diňe simptomatiki häsiýete eýe bolýar.

**Somatizirleşdirilen bozulmalar.** *Epidemiologiýasy.* Bozulma aýallarda has kän duş gelýär. Kesellemä ýykgynlygy güýçlendirýän ýagdaýlaryň arasynda sowatsyzlygyň bolmagy we maddy taýdan üpjünçiligiň ýeterlik däldigi möhüm-

dir. Keseliň başlanyşy 30 ýaşa ýetmediklerde, köplenç halatda kämillik ýaşynyň soňuna ýetiberenlerde bolup geçýär.

*Etiologiýasy.* Etiopatogenezde şahsyň içki we näsagy gurşaýan mikrososial ýagdaýlary esasy hem bolsa, olaryň ata-enesiniň maşgalasynda keselbentligiň ýokarylygy göz öňünde tutulyp, genetiki ýykgynlygyň hem keseli döretmekde tutýan belli bir orny bardyr. Somato-sensor maglumatlaryň kabul edilişiniň we bahalandyrylyşynyň ýoýulmagyna jogapkär bolan kognitiw bozulmalaryň bu näsaglarda üstüniň açylmagy keseliň döremeginde neýropsihologiki esasyň ýatanlygyny çak etmek bolar.

*Kliniki keşbi.* Munuň has ýygy ýüze çykýan alamatlary ögemek we gaýtarma (göwrelilik wagtyndakydan özgesi), ýuwutmanyň kynlaşmasy, el-aýaklarda agyrylaryň peýda bolmagy, agyr iş bilen baglanyşykly bolmadyk ýagdaýda demiňi kynlyk bilen sojap almak, göwrelilik we aýbaşynyň gelýän döwürlerinde döreýän çylşyrymlaşmalardyr somatiki bozulmalarda gijräk dörän emosional durnuksyzlyk, impulsiwlik we howsalaly-depressiw ýagdaýlar peýda bolýar. Şolaryň esasynda öz janyna kast etme pikirleri döräp biler. Ýöne psihoaktiw maddalaryň agdyk ulanylýan döwründen başga wagtlarda kast etmäge çynlakaý synanyşma seýrek duş gelýär. Janyna kast etme pikirleri özüni antisosial alyp barma bilen bir hatarda populýasiýadakydan (nesile baglanyşygyndan) has ýygy duş gelýär. Şizofreniýa, affektiw, howsalaly we obsessiw bozulmalar bilen komorbidliligi hem ýokary bolýar. Şahsyň düzüminde isteriki we anankast häsiýetler agdyklyk edýär. Näsag lukman bilen söhbetdeşlikde şikaýatlaryny diýseň ajy hem zeýrençli görnüşde beýan edýär. Şol şikaýatlar jikme-jiklendirilip aýdylýan hem bolsa, sözleýiş dagynyk, takyklandyrylmadyk hem-de sözler biri-birleri bilen jebisleşdirilip baglanyşdyrylmadyk bolup, geçen hadysalaryň wagtyna gabat getirilmeýär. Näsaglar töweregindäkileriň üns berişlerine hüşgärligi bildirip, lukmanlara, olaryň edýän hereketlerine müňkürlenip ynamsyz garaýarlar. Olaryň aglabasy oňaýsyz durmuş şertli hem arakhor maşgalalardan çykan bolýar. Şeýle ýagdaý olaryň ýanýoldaşlaryna-da degişli bolup, adatça, maşgala gatnaşyklarynyň dartgynlygy, durnuksyzlygy, oňşuksyzlygy, hälişindi dawalaşaganlygy bilen tapawutlanýar. Näsaglaryň anamnezinde köp gezek somatiki hassahanalara düşenligi, hirurgiki operasiýalaryň ençemesini netijesiz geçirenligi baradaky maglumatlar bolýar. Kesselleriniň geçişi uzaga cekýän dowamly görnüşli bolup, geçirilýän bejergiler ýeterlik derejede täsirli bolman, keselleri gaýtalanyp durýar-da, doly sagalma diýen zat seýrek bolýar. Ölüm-ýitimleriniň sany neberesiniň adatdakysyndan ýokary geçmeýär.

*Kesel kesgidi.* Somatizirleşdirilen bozulmanyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakdaky bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelmelidir:

1) Dörän şu alamatlaryň peýda bolmagyna getirip biläýjek somatiki keselleriň asla ýoklugynda iki ýylyň dowamynda köpsanly durnukly hem üýtgäp duran somatiki şikaýatlaryň bolmagy. Anyklanylyp ýüze çykarylan somatiki patologiýa,

somatiki kesel ýa-da şonuň bilen baglanyşykly bolan uýgunlaşyp bilmäniň ýitirilmegi bozulmanyň köp görnüşliligini we geçişiniň uzak-gysgalygyny kesgitläp düşündirip bilmeýär. Wegetatiw alamatlaryň barlygy bozulmanyň esasy alamaty hasaplanylmaýar, ýagny durnukly hem ezýet berýän gynaýjy bolmaýar.

2) Bozulma barada tükeniksiz aladalanyp gaýgy-gama batyp ýörmeklik derdiň uzaga çekmegine, gaýta-gaýta lukmançylyk maslahatlarynyň alynmagyna, goşmaça barlaglaryň geçirilmegine getirýär. Eger-de haýsydyr bir sebäbe görä lukmançylyk kömegini almaga mümkinçilik bolmasa, näsag özüni bejermek bilen meşgullanyp başlaýar ýa-da yzyny üzmän tebiplere ýüzlenip, olaryň şübheli bejergisini alýar.

3) Somatiki alamatlary baradaky çykarylan netijelerde somatiki keseliň barlygyna ýeterlik sebäpleriň ýoklugy baradaky gelnen karar bilen ylalaşman, tutanýerlilik bilen şondan boýun gaçyrýar ýa-da şoňa gysga wagtlyk razy bolýar.

4) Iki sany dürli topardan alnan maglumatlardan azyndan 6-dan az bolmazlygy: Aşgazan-içege alamatlary: a) garynda agyrylaryň peýda bolmagy; b) ýürek bulanma; ç) garnyna basylan ýaly agram salynýanlygyny, garnyň agdyk dolulygyny, ýellenip çişenligini duýmak; d) agzyň ajap durmagy ýa-da diliň üstüniň sülekeý bilen örtülmegi; e) gusmak ýa-da aşgazandan iýmitiň ýokary galyp bokurdagyňa dykylyp durmasy; ä) içiň ýygjam geçip durmasy ýa-da otyrýerden suwuk täretiň çykyp durmasy. Ýürek-damar alamatlary f) süňňe agram salynmazyndan sojalyp durulmagy; g) gursakda agyrylaryň peýda bolmagy. Peşew-jynsy alamatlary: h) dizuriýa (buşugma kadasynyň bozulmasy) ýa-da tiz-tizden buşugyp durmak; t) jynsy agzalarda ýa-da şolaryň töwereginde ýakymsyz duýgularyň peýda bolmagy; k) jyns agzasyndan-nemlikden adaty bolmadyk suwuklygyň bölünip çykarylmasy. Deri we agyry alamatlary; deride tegmilleriň peýda bolmagy ýa-da deriniň reňkiniň özgermesi. El-aýaklarda ýa-da bogunlarda agyrylaryň peýda bolmagy: teniň ýakymsyz guruşmasy ýa-da parasteziýalaryň döremegi.

5. Şizofreniýa, affektiw we howsalaly keselleriň sindromynyň bolmazlygy.

*Tapawutlandyrylyş kesgidi.* Muňa mahsus bolmadyk tranzitor alamatlar bilen başlanýan käbir bozulmalardan tapawutlandyrmak (ýaýbaň skleroz, deri inçekeseli, giperparatireodiýa, ulgamlaýyn dowamly ýokanç keseller diýseň çetin bolýar. Howsalaly geçýän bozulmalarda howsalaly we galagoply dowula salýan alamatlar somatikilerden agdyklyk edýär. Şizofreniýanyň we endogen depressiýanyň mahsus alamatlary şol keselleriň çäklerinde somatiki alamatlary somatizirleşdirilen bozulmalardan tapawutlandyrmaga ýardam edýär.

*Bejergisi.* Belli bir lukman bilen uzak möhletleýin goldaýan psihoterapewtiki gatnaşygyň saklanylmagy maksadalaýyk bolup, häli-şindi hassahana düşmeleriň sanynyň azaldylmagyna getirýär. Näsag bilen ynamly aragatnaşyklaryň saklanylmagy, şonuň ýitirilmezligi üçin lukmana turuwbaşdan keseliň alamatlaryna çynlakaý garap, olaryň ýuwaş-ýuwaşdan näsagyň durmuşyny gurşaýan zatlara tarap gönükdirilmegini we keselbentli ünsüň başga zatlara sowulmagyny gazanmak gerek.

Howsalaly-depressiw başdan geçirmeler we newrotikligiň (ynjyk gyzmalygyň) derejesi ýokary bolanda sedatiw täsiri ýetirýän antidepressantlardan (doksepin, trazadon, mianserin, amitriptilin) peýdalanmak maslahat berilýär. Trankwilizatorlaryň (ksanaks, fenazepam) urýan nyşanasy somatizirleşdirilen howsaladyr. Disforiki häsiýetli affektde, göçgünliligiň ýokarylygynda bolsa MAO-nyň ingibitorlary (nialamid, pirazidol, moklobemid, befol) ulanylsa täsirli bolar.

**Ipohondriki bozulmalar.** *Epidemiologiýasy.* Neberede kesellemegiň derejesi näbelli, umumy somatiki taýdan iş ýüzünde bolsa şol ähli näsaglaryň 3-14%-ne barabardyr. Erkekleriň arasynda aýallara garanyňda şu kesel bilen keselleýänleriň sany biraz köpräk, şeýle-de näsagyň ýakyn hossarlarynyň şu bozulma bolan ýykgynlygy (kesellegenligi) ýokary bolýar.

*Etiologiýasy.* Gadymyýetiň adamlary döş süňküniň sepirjeginiň astynda ýerleşýän beden agzalarynyň bozulmalaryny şu keseliň sebäbi diýip hasaplapdyrlar. Galen gumoral (suwuklyk, gan) nusgasyny saýlap, diafragmanyň (döş kapasasy bilen garyn boşlugynyň arasyny örtüp ýapýan ýasy myşsa) astynda ýerleşýän agzalarda bolup geçýän bozulmalaryň netijesinde «gara ödüň» çykarylmagy ýokarlanýar diýip hasaplapdyr.

Keseliň psihodinamiki nusgasynyň esasynda beýlekilere bolan agressiw meýilleriň ýatyrylyp, şolary hut öz somatiki alamatlaryna geçirýän psihologiki garaýyş mehanizmleriniň täsiri ýatandyr. Şeýle näsaglara hakykatdan hem ähli zady özünde jemlemek, özüni ulaldyp dünýäniň göbegine öwürmek, çäklendirilen empatiki potensial we töwerekdäkileriň mätäçliklerine pes gyzyklanmak häsiýetli bolýar. Olar adatça, özlerini biçäreler, göwünlerine degilenler, başdan aýlanyp urulanlar, taşlananlar, mähir siňdirilip söýülmeýänler diýip hasaplaýarlar.

Neýropsihologiki konsepsiýanyň esasynda somatiki «duýgurlygy» ýokary bolanlarda durmuşy kynçylyklardyr amatsyzlyklara çydap göterip bilme güýç-gaýraty pes bolup, adaty sensor maglumatlaryň kabul ediliş derejesiniň ýokarylygy nädogry kognitiw bahalandyrylma bilen geçirilýär diýlen çaklamalar hem bar. Meselem, adaty sagdyn adam üçin dartgynlygyň duýulmagy kada saýylýan bolsa, ipohondrik şony içinden ýetde-tutda ýaly duýýar. Şeýle bahalandyrma bolsa zyýanly pikirleriň köwsarlap aýlanyp durmasyny goldap, şertli-reflektor berklenmä öwrülýär-de, soňraky gelýän ähli sensor maglumatlaryň ýoýulyp nädogry düşünilmegine we şonuň netijesinde-de başga bir maglumatlaryň çykarylmagyna getirýär.

*Kliniki keşbi.* Somatizirleşdirilen bozulmaly näsaglardan tapawutlylykda ipohondrikler diňe bir somatiki oňaýsyzlyklardyr amatsyzlyklardan ezýet çekmän, eýsem, entek özlerinde üsti açylmadyk haýsydyr bir agyr, janyna howp salýan keseliň barlygyndan heder edip, gorka gaplanýarlar. Alamatlaryň ornaşyşy giň gerimli ýaýbaň bolup, köplenç halatda aşgazan-içege we ýürek-damar agzalaryna degişli bolýar. Munda şikaýatlaryň ýüze çykarylyp aýdylyşy gowşak, öçügsi bolýar, aýdyňlaşdyrylman aýdylýar. Haçan-da, olara edýän pikirleriniň nädogrudygyny

aýdyp, olardan ýüz öwürdilmäge synanyşylanda näsag bada gyzyp gaharlanýarda, dyzmaçlyk edip çyny bilen garşy çykýar. Keseliň gowy gutarmagyna keseliň güýçli başlanyşy, näsagyň ýaşlygy, sindromyň düzüminde howsalaly-depressiw häsiýetleriň bolmagy we şahsda laýyk patologiýanyň bolmazlygy gowy umytlara bil bagladýar.

*Kesel kesgidi.* Ipohondriki bozulmalaryň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakdaky bahalandyrylyş ölçeglerine gabat gelmelidir: 1) alty aýdan az bolmadyk möhletde aýrylman saklanýan durnukly, özünde bir ýa-da birnäçe agyr keseliň barlygy, şolaryňam bolmanda birinin näsag tarapyndan takyk bellenilmegi ýa-da onuň özünde tagaşyksyz dismorfofobiki betnyşanlygyň barlygyny tapmagy ýaly ýagdaýlaryň ýüze çykarylmagy. 2) bozulma sebäpli birsyhly aladalanyp ýörmek uzak wagtlap hasrat çekilmegine getirip, köpsanly barlaglardan, anyklaýyş merkezlerinden geçmäge, hünärmenlere görünmäge, hassahanada ýatmaga mejbur edýär. 3) özünde somatiki bozulmanyň ýoklugy baradaky hünärmenleriň çykaran netijesine erjellik bilen garşylyk görkezmegiň ýa-da biraz wagtlyk ynanyp, şol düýbi boş pişesi bilen ýene meşgullanyp başlaýar. 4) şizofreniýa, affektiw we howsalaly geçýän keselleriň toparyndan çykarylmagy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Ipohondriki alamatlaryň ýüze çykmasynda haýallyk bilen geçýän şizofreniýa (şizotipiki bozulmalar) ýyllap dowam edýän hem çalt-çaltdan gaýtalanyp durýan asteno-ipohondriki sindromyň agdyklyk etmesi bilen häsiýetlenýär. Şonda birnäçe ýylyň dowamynda şizofreniýa häsiýetli bolan pikirlenişiň bozulmalary we defekt ýagdaýlary ýüze çykarman hem biler. Newrozlardan tapawutlylykda bu kesel adamda keseliň gowşalyş döwürleri, näsagyň özüni gowy duýmagy, «ýagty» özüňi sagdyn duýmaly günleriň bolmazlygy bilen geçýär.

Ipohondriki paranoidden tapawutlylykda şizofreniýada we organiki psihozlarda ipohondriki ynanma gaty bir durnukly bolmaýar, somatiki döredilmeleriň bolsa geň-enaýylygy aýdyň bolmaýar.

*Bejergisi.* Paranoid derejesine golaýlaşdyrylan agyr ipohondriki alamatlar amitriptilin, sulpirid ýa-da sonapaks bilen utgaşdyrylan görnüşdäki bejergisiniň geçirilmegine esas bolýar. Toparlaýyn geçirilýän psihoterapiýadan hem peýdalanylsa bolar.

**Newrasteniýa (nerw gowşaklygy).** Newrasteniýa döredýän esasy sebäbiň uzak wagtlap dowam edýän emosional dartgynlygy amerikaly lukman B. Beard 1880-nji ýylda özbaşdak aýratyn nozologiki kesel hokmünde bölüp görkezipdi.

*Epidemiologiýasy.* Köplenç halatda, newrasteniýa azda-kände uzaga çekýän psihiki şikeslenmäniň emosional dartgynlyk, ukynyň doly alynmazlygy sebäpli döreýär. Adam uzak wagtlap oňaýsyz maşgala ýagdaýynda ýa-da işdir gulluk wezipelerinde bolanda, şeýle-de uzaga çekýän howsalaly ýagdaýda aňa we süňňe çendenaşa artyk agramlar salnanda, adamyň süňňi we psihiki tarapdan göterip bolmajak işleri ýerine ýetirmek talap edilende, meselem, jogapkärli bolan synaglara

taýynlyk görülýän pursatlarda nerw ulgamynyň gowşamagy onuň kesele uçramagyna getirýär. Şeýle sebäpleriň täsirinden, aýratyn-da süňňi hem nerwi gowşak, tiz ýadagan, hiç bir zada durnukly hem ygtybarly ynamy bolmadyk, şübhelenegen müňkür adamlar özüne tabşyrylan ýumuşlara yhlasly ýapyşyp, uşak çintgeme bilen amala aşyrýan, borjuna janypkeşligi hem ýokary wepadarlygy bolan adamlarda ol has aňsat döregen bolýar. Newrasteniýa nerw ulgamy güýçli adamlarda-da döräp biler. Haýal-ýagal gowuşgynsyz, bir işden beýleki bir işe kynlyk bilen geçýän şahslara ünsüň we hereketleriň bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa çalt geçirilmegini talap edýän işlerde işleýän adamlara psihiki şikeslenmäniň ýetirýän täsiri has-da güýçli hem agyr bolýar. Newrasteniýa getirýän sebäpleriň biri jynsy işe bolan ukybyň peselmegidir. Naharyň ine-gana doýa iýilmezligi, dem-dynç alynman agyr işleriň birsydyrgyn amala aşyrylmasy sebäpli süňňüň tapdan düşmegi hem newrasteniýanyň döremegine ýardam edip biler.

*Kliniki keşbi.* Kesel gözedürtme bildirmän, assa-ýuwaşlyk bilen başlanyp ýüze çykýar. Onuň esasy alamaty ynjyklykly gowşaklyk – ýokary göçgünlilik we näsaglaryň aňsat hem tiz tapdan düşüp, mejalsyzlanmagydyr. Göçgünlilik ýokarlananda sagdyn adam üçin hiç bir ähmiýeti ýa-da düýbünden dahyly bolmadyk gyjyndyryjylar hem ýokary reaksiýanyň döredilmegine getirýär. Näsaglar gyzma bolup, olar ujypsyzja zatlardan hem gahar-gazaba gelýär, güýçli gohy, ýagtylygy we ş.m. götermeýärler. Şeýle-de, iç agzalarynda, näsagyň endamynyň dürli ýerlerinde döreýän (kellagyry, başaýlanma, gulagyň şaňlamasy, paresteziýalar, ýürek sebitlerinde tukatlandyryjy duýgularyň döremegi we ş.m.) gyjyndyrmalara duýgurlyk ýokarlanyp, näsag sähel zada gaharlanyp, girrelip başlaýar. Bozulma getiren psihiki şikeslenme ýagdaýlaryň gaýtalanyp durmagy ynjyklygy we gyzmalykly göçgünliligi has-da güýçlendirýär. Göçgünlilik näsag üçin parhy bolmadyk gyjyndyryjylaryň täsirinden hem döräp biler. Şeýle-de bolsa käbir ýagdaýlarda näsaglar öz erkine buýrup, özlerini elde saklamagy başarýarlar.

Näsaglarda döreýän ýokary göçgünlilik siňir reflekleriniň haýsydyr bir derejede ýokarlanmagyna we wegetatiw reaksiýalaryň ýeňillik bilen döremegine (ýüregiň çalt-çaltdan urup başlamagyna, ýüzüň boz-ýaz bolup gyzaryp-agaryp durmagyna, güýçli derlegenlige) getirip biler.

Adatça, göçgünliligiň ýokarlanmasy tiz ýadap tapdan düşürilme bilen utgaşyp biler, şol ýagdaý näsagda zähmete bolan ukyplylygyň peselmeginiň, tiz ýadaganlygyň, gowşaklygyň döremegine getirip biler. Näsaglar, köplenç halatda süňňüň umumy gowşaklygyna, özüni agyr duýmaklygyna, güýç-gurbatynyň gaçmagyna, kesellemezinden ozalky edip ýören öwrendikli işlerini öňküsi ýaly arkaýyn ýerine ýetirmegi başarmaýandyklaryna şikaýat edýärler. Ünsüň uzak wagtlap dartgynly işjeň dykgatlandyrylmasy başartmaýar. Ünsüň peselmegi bilen köplenç halatda käbir hadysalar ýatdan çykarylýar, olary ýatda galdyryp bilmek kynlaşýar.

Göçgünliligiň ýokarylygy we tiz tapdan düşmeklik emosional reaksiýalaryň tiz döremegine (gamgynlyk, şatlyk we ş.m.) getirýär, şol bir wagtda-da olaryň gysga möhletleýinligi hem-de durnuksyzlygy ýüze çykarylýar. Açlyk duýgusy nämedir bir zat iýlip başlanan badyna ýatyrylýar. Näsaglaryň ukusy bozulýar, aýratyn-da uklap bilmesi kynlaşýar. Uky ýüzleý bolup howsalanmalar, köpsanly düýşgörmeler bilen geçýär. Şonda näsaglar çalaja takyrdylardan we ujypsyzja gyjyndyryjylaryň täsirinden birahatlanyp, basyrganyp oýanýarlar. Ukudan turulansoň agraslykdan açylyp adaty süňňiýeňillik, şähdaçyklyk däl-de, endam-janyň kül-uşak edilen ýalylygy, ýadawlygyň basmarlamagy duýulýar. Wagt günorta golaýlaşyberende ýagdaý gowulaşýar-da, agşamaralar ýene erbetleşýär. Näsaglaryň köpüsi kellagyra şikaýat edýärler. Adatça, kellagyrylar güýçli bolman, kelle daşyndan içine gysylýan ýaly agyry döreýär. Agyrylar, adatça, aýrylman uzak wagtlap dowam edýär-de, tolgunylanda we ýadalanda güýçlenýär.

Newrasteniýaly näsaglar öz kesellerine düşünip, köplenç halatda lukmanlaryň kömek bermegini isläp, keselden sagalmaga ymtylýarlar. Adatça, olar özlerindäki keseli göz edip görkezjek bolmaýarlar, tersine şony töweregindäkilerden mümkin boldugyndan ýaşyrmaga çalyşýarlar. Kähalatlarda kesel olara uçursyz agyr ýaly görnüp, ol ençeme ipohondriki hyýala getirmeleriň peýda bolmagyna getirýär. Endamynyň dürli ýerlerindäki ýakymsyz duýgularyň peýda bolmagy haýsydyr bir agyr somatiki kesel bilen kesellänligi baradaky şübhelenmeli pikirleriň döremegine getirýär.

Newrasteniýanyň geçişi şony döredýäniň täsir edişiniň uzaklygyna bagly bolup, keseliň sebäpleri aýrylmasa, ol uzaga çekip, aram-aram beterläp hem biler. Ýakymsyz täsir edýän zatlardan dynylanda bolsa, näsag tiz wagtdan sagalýar. Köplenç halatda, kesel birnäçe hepde ýa-da birnäçe aý dowam edýär. Ýöne ol has uzagragam dowam edip biler.

*Kesel kesgidi.* Newrasteniýanyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakdaky bahalandyrylyş ölçeglerine laýyk gelmelidir: 1) özüne agram salyp az wagtyň dowamynda akyl işi bilen meşgullananda durnukly hem gynap köseýji akyl işiniň önjeýliliginiň peselenligini duýmak; 2) haýsydyr bir, hatda ujypsyz iş edilende-de durnukly we gynaýjy ýadawlygy, gowşaklygy duýmak; 3) aşakda görkezilen alamatlaryň bolmanda biriniň bolmagy: a) myşsalarda güýçli ýa-da dowamly agyrylaryň bolmagy; b) endamyň doňan, durşy bilen guruşan ýalylygyny duýmak; ç) myşsa dartgynlygyndan döreýän kellagyrylar; d) ukynyň bozulmagy; e) endamyňy, muskullaryňy özerkli gowşadyp bilmezlik sebäpli rahatlanyp, ynjalyp bilmezlik; ä) ynjyklyk. 4) bozulmanyň organiki, affektiw ýa-da howsalaly sindromlaryň bahalandyrylyş ölçeglerine laýyk gelmezligi.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Mälim bolşy ýaly newrasteniki simptomokompleks dürli sebäpleriň täsir etmeginden – şikesleriň, ýokanç keselleriň, zäherlenmeleriň, endokrin bozulmalaryň, beýniniň çişi we damar keselleriniň, şeýle-de iýmitlenilşiň

kadasyzlygynda horlanylyp tapdan düşülmegiň, gan ýitirilmeginiň we ş.m. netijesinde döräp biler.

Psihiki şikesden dörän newrasteniýa kliniki aýratynlyklara eýe bolup, beýleki bir etiologiýaly newrasteniki alamatlardan tapawutlanýar.

Newrasteniýada näsagyň beýnisiniň daşky gatlagynda «näsaglan nokatlaryň üsti açylyp, şolara täsir edilmegiň aýratyn ýokary emosional reaksiýa getirýänligi hem äşgär edildi. Bu ýagdaý bolsa psihiki şikesi ýetirýän patologiki bolan belli bir kesgitli gyjyndyryjylaryň täsirinden duýgurlygyň ýokarlanmagy bilen ýüze çykarylýanlygyny aňladýar. Näsaga soraglar berlip, dürli ýagdaýlarda onuň özüni alyp barşyny we reaksiýa berşini synlamak, şeýle-de tejribe psihologiki barlaglaryň geçirmek arkaly bularyň üstüni açyp bolar. Beýleki bir etiologiýaly newrasteniýada simptomokompleks ençeme kliniki aýratynlyklary berýän esasy keseliň alamatlary bolup, şonuň üsti bilenem ony newrasteniýadan tapawutlandyrýar.

*Bejergisi.* Zähmet çekme bilen dynç almagyň düzgün-tertiplerini berjaý etmäniň psihoterapiýa bilen utgaşdyrylmagy gerek. Fizioterapiýanyň, şypahana bejergisiniň geçirilmegi, trankwilizatorlaryň, nootroplaryň, adaptogenleriň ulanylmagy maslahat berilýär.

## 23-nji bap. Ýetişip akyly goýalyşan adamlaryň şahs bozulmasy we ulularyň özlerini alyp baryşlarynyň bozulmalary

**Şahsyň spesifiki bozulmasy.** Şahsyň bozulmasy – gylyk-häsiýetiň durnukly ýoýulmalary bolup, şolam sosial uýgunlaşmanyň bozulmagyna getirýän genetiki hem durmuş şertlerinden alynýan häsiýetleriň utgaşmasy bilen dörediliýär. Şahsyň bozulmasy ozallar psihopatiýa diýlip atlandyrylýardy, ýöne soňky wagtlarda şol adalgadan peýdalanylmaýar diýen ýaly. Gylyk-häsiýetiň durkunyň şahsyň bozulmalaryndaky näsazlaşmasy käbir psihiki häsiýetleriň güýçlenip, aşa ýüze çykyp bildirmesi, beýleki birleriniň bolsa ösmän galmagy bilen baglanyşykly bolýar. Şeýle bisazlaşyga mysal bolup özüňi alyp barşyňa we duýgularyňa täsir edýän wakalara degişli bolan laýyk jogaby gaýtaryp bilme ukybynyň düýbünden bolmazlygy, beýleki bir ýagdaýlarda bolsa egosentrizmlilikden (öz-özüňi bilmek, men-menlik etmekden) ýokary talapkärli bolanyň, aslynda hiç bir zada ukybynyň bolmazlyk ýaly ýagdaýam hyzmat edip biler.

Şahsyň bozulmalary araçägräk psihiki bozulmalara degişli bolýar, ýagny olar diňe ýumşak görnüşde (newrotiki derejede) ýüze çykýan alamatlar bilen häsiýetlenýär. Şahsyň bozulmalarynda gallýusinasiýalar we ulgamlaşdyrylan paranoid sindromlary hem bolmaýar. Diňe affektiw dartgynlyklar döränđe aýry-aýry illýuzor

(daş-töwerekdäki zatlaryň gorkudan ýaňa ýoýulan görnüşlerde nädogry, ýalňyş kabul edilmesi) bozulmalaryň ýüze çykmagy mümkindir. Munda MNU-nyň organiki zeperlenmesindäki, şizofreniýanyň agyr görnüşindäki ýaly oý-pikir bozulmalary hem bolmaýar. Ýöne şonuň bilen birlikde, adaty şahs başga bir görnüşde oýlanyp pikirlenme bilen tapawutlanyp, özüniň «Men»-ini, özara şahslar aragatnaşyklarynda öz ornuny belende göterip, aýratyn görnüşde bahalandyrýar. Olarda maglumaty birtaraplaýyn saýlap alma häsiýetem bolýar, ýagny şahsyň hut özüne ähmiýetli bolup, duýgy-düşünjelerine bap gelip kalbyna gowy täsir edýänlerini saýlap alma häsiýeti bolýar. Şol bir wagtda-da onuň göwnünden turman isleglerinedir bähbitlerine garşy gelýän maglumatlar inkär edilip, olardan çürt-kesik ýüz öwrüp boýun gaçyrýar. Şahsy bozulan näsaglar goýberýän ýalňyşlyklaryna düşünip, ondan gerekli netijeleri çykaryşlaryny düzedip, özlerini talabalaýyk dogry alyp barmak ýoluna ugrukdyryp bilmeýärler.

Şolar ýaly şahs bozulmaly näsaglaryň emosional – erk sebitindäki bozulmalary has hem äşgär ýüze çykarylyp, aýdyň bildirýär. Näsaglaryň käbirlerinde emosional reaksiýalar öte ýüze çykma bilen häsiýetlenip, uçursyz güýçli gahar-gazaba gelme, dawadyr-jenjele, urşaganlyga döwtalap bolma bilen geçýär. Beýleki birlerinde bolsa sustupeslik, lellimlik, özüni kemçilikli saýyp, doly bahaly adam hökmünde duýmazlygy, birsyhly ýanbermez howsalaly bolup esassyz gorkulardan ejir çekmegi bilen geçýär. Şu zatlardan ugur alan K.Şneýder şol alamatlary: «Şahsy aýratynlyklary bilen diňe bir özlerine däl-de, töweregindäkilere-de ejir çekdirýän şahslar» diýip bahalandyrypdyr.

Ady belli rus psihiatry P.B.Gannuşkin (1933) şahs bozulmasynyň esasy häsiýetlerini bölüp görkezdi (psihopatiýalary): 1) belli bir derejedäki durnuklylyk we häsiýetiniň patologiki sypatlarynyň düzeldilip bilinmesiniň pesligini; 2) şahsyň psihopatologiki aýratynlyklarynyň bitewiden tutuşlaýynlygyny, psihiki durkunyň aýry-aýry şahsy sypatlarynyň däl-de, durky bilen bozulýanlygyny; 3) patologiki häsiýetleriň ýüze çykyşynyň ummasyzlygynyň sosial uýgunlaşyp bilme ukybynyň bozulmagyna getirýänligi.

Şahsyň üýtgemeleriniň psihiki bozulmalaryň aýry toparlaryna (psihopatiýalara) bölünilip çykarylan pursadyndan başlap, şu bozulmany toparlara bölmeklige bolan ençeme synanyşyklar edilip başlanypdy. Meselem, Krepelin (1915) şolary kliniki suratda ýazyp beýan etme arkaly çemeleşme bilen psihopatiýalaryň şeýle görnüşlerini bölüp çykarypdy: hyjuwlanyp gahar-gazaba gelijileri, impulsiwlileri K. Şneýder (1928) bolsa psihopatiýanyň şeýle görnüşlerini ýazyp beýan edipdi: gipertimikleri, erk-ygtyýarsyzlary, mähir-muhabbetsiz zalymlary, astenikleri (gowşak lellimleri), depressiwleri, özlerine bolan ynamlary ýokarylylary, fanatikleri, emosional durnuksyzlary. Şulardan görnüşi ýaly bu toparlandyryşyň esasyna şahslaryň aýratynlyklarynyň ýazylyp beýan edilişi goýulandyr. E. Kreçmer (1930) muňa konstitusional – psihologiki nukdaýnazardan çemeleşip, adamlary sikloid-

lere (keýpiniň bir göterilip, bir peselip duranlaryna) hem şizoidlere bölüşdiripdi. Kreçmeriň synlaýşynyň esasynda sikloidler bedenleriniň gurluşyna görä piknikler (berdaşly dykyzlar) bolup, olar şähdaçyk, güler ýüzli ýumşak hoşgylaw, parahat hem gylyk-häsiýetleri, özlerini alyp baryşlary boýunça salykatly ýuwaş adamlar bolýar. Şizoidler bolsa olaryň tersine, bedenleriniň gurluşy asteniki bolup, gylyk-häsiýetlerine görä gürlemezek dymma, hiç bir adama ýüz bermezek, hyýrsyz adamlar bolýar. Olaryň duýgularynyň daş çykarylyşy iň ýokary duýgurlyga ýetirilenden, emosional sowuklyga çenli baryp ýetýän aralykda bolýar.

K. Ýung şahsyň häsiýetlendirilmeginiň wajyp alamatynyň biri hökmünde «Ekstrawersiýa» (töwerege, adamlar tarapa ýykgyn edegen, gürleşegenlige döwtalap, gatnaşyk saklamany küýsäp gezegen) hem-de «intrawersiýa» (içine salma, ýekemenlik, öz-özüni analizlemek, refleksiýa, ýagny öz-özüňi synlap bahalandyrmak) diýen düşünjeleri girizdi.

I. P. Pawlowyň ýokary nerw işinin görnüşleri diýen ylmy işinden ugur alnyp şolara meňzeş toparlaryň ýene-de birnäçe görnüşleri bölünip çykarylypdy. O. B. Kerbikow «hyjuwlanyp gozgalaňa gelegen» we «togtaganlary» (maýdalary) bölüp görkezipdi. Hyjuwlanyp gozgalaňa gelegen psihopatlara galjaňlyga gelegenligiň, nadaralygyň agdyklyk etmegi häsiýetli bolýar. Olaryň edim-gylymlary, özlerini alyp baryşlary jemgyýetçilik köpçüliginiň oňlaman göteribilmejek eden-etdilikleri, ýöredilýän edähede gabat gelmeýän gödeklikler bilen püre-pür doldurylan bolýar. Olara äşgär bildirýän emosional reaksiýalara ýykgyn etmeklik, kejirlik – hötjetlik etme, erjellikli tutanýerliligi görkezme häsiýetli bolýar. Togtagan psihopatlara bolsa tersine, togtap ýuwaşamanyň agdyklyk etmegi häsiýetli bolýar. Olaryň hereketleridir edim-gylymlary çäklendirilip maýdalandyrylan bolup, artykmaç galdawlyk görkezmekden, batlydan janly hereketleri etmeýärler, hemme zatda seresaplygy goldan bermän, edýän hereketlerini assyrynlyk, pessaýlyk bilen geçirýärler.

Mundan başga-da, O. B. Kerbikow psihopatlary özenlilere (ýader) we çet-gyrakylara-da bölüşdirdi. Olaryň ilkinjisi, megerem, nesil yzarlama, çaga göwredekä şikesler ýetirilmeginde, irki çagalyk döwründe ösüşiniň keselbentlikli geçmegi ýaly biologiki ýagdaýlar bilen hem şertlendirilendir. Olar, köplenç halatda görnüp duran bir äşgär sebäpsiz çagalygyň irki döwründe ýüze çykyp bildirýär we dörän psihiki bozulmalaryň uçursyz agyrlygy bilen häsiýetlenip, gödeňsiden durnukly bolan durmuşa uýgunlaşyp bilmezligiň çökder görnüşine getirýär. Çet-gyraky diýilýän psihopatlar bolsa terbiýe berlişiň nädogry şertlerinde önüp-ösüp, uzak wagtlap täsir eden emosional şikesleriň salynýan ýagdaýlarynda (öweý ene-ataly maşgalada, ata-enäniň oňuşman birsyhly dawalaşmagynda, köpçülikdendir durmuşyň wajyp wakalaryndan üzňelikde saklanylyp ýekemene öwrülmeginden, süňňünde haýsydyr bir kemislikleriň we dogabitdi bedroýlygyň, juda uzaga çeken eýikdirmedik süňňi keselleriň bolmagynda kemala gelýär. Çet-gyraky diýilýän psihopat-

lar el-hal ýumşagrak bolýarlar: şonda ýaramaz ýagdaýlar ýok edilip, amatly şertler döredilende bozulmanyň azda-kände gowulaşma mümkinçiligi bar. M. O. Gurewiç psihopatiýalaryň şu toparyna gylyk-häsiýetleriň ýoýulyp özgermegine we nädogry ösmegine getirýän ekzogen-organiki zyýan ýetirilmäniň esasynda organiki psihopatiýalary hem goşupdy. Şahsyň ýoýulmasy ýetginjeklik ýaşlarynda patoharakteriologik reaksiýalardan hem patoharakteriologiki ösüşiň esasynda döränsoň, şahsyň şu bozulmasynyň kesgidi 16-17 ýaşlylarda goýulýar.

Şahsyň şu bozulmasynyň bu görnüşiniň hut özünden daşary, soňky wagtlarda «şahsyň aksentuirlenenleri – güýçlendirlenleri» (Leongrad K., 1964) diýen düşünjäniň bölünip görkezilmegi hem teklip edildi. Şonda aksentuirlenen diýlip gylyk-häsiýetiň haýsydyr bir adaty bolan sypatynyň çişirlip görkezilmegi göz öňünde tutulýar. Şahsyň bozulmalaryndan tapawutlylykda gylyk-häsiýetiň aksentuirlenmegi, köplenç halatda uýgunlaşyp bilmezligiň uzaga çekýän hemişeligine getirmeýär, ýöne ýaramaz ýagdylaryňdyr şertleriň täsir etmeginde uýgunlaşyp bilme ukybynyň belli bir derejede bökdelip peseldilmegine getirmegi ähtimal. Gylyk-häsiýetiň her bir şahsa aýratyn mahsus bolan özenli sypatlarynyň biriliginden ugur alynýanlygy sebäpli, ol ýagdaý ýetginjeklik ýaşlarynda kemala gelýär. A. Ýe. Liçko ýetginjekleriň gylyk-häsiýetiniň aksentuirlenişi barada ýörite konsepsiýa döredip, olaryň dürli görnüşlerini hem ýazyp beýan edipdi.

Psihopatiýalaryň ýaýrawlygynyň derejesini bahalandyrmak kyn, çünki şahs bozulmalary bilen keselleýän näsaglar lukmanyň garamagyna ýagdaýlary ýaramazlaşyp, juda agyrlaşanda ýa-da kanuny bozanlarynda düşýärler. Barlagçylaryň aglabasynyň berýän maglumatlaryna görä şahs bozulmalary bilen keselleýänleriň ortaça sany ilatyň her 1000-den 5-10 sanysyna barabar bolýar. Şahs bozulmalary bilen keselleýän erkek kişileriň sany aýallaryňkydan köp bolýar.

**Şahsyň paranoid bozulmasy (paranoýal psihopatiýasy).** *Epidemiologiýasy.* Bozulmanyň ýaýraňlygy baradaky maglumatlar ýok. Çünki, näsaglar kömek sorap lukmançylyk edaralaryna diýseň seýrek ýüz tutýarlar, mejbury ýagdaýda psihiatrik hassahanasyna düşenlerinde bolsa, özlerinde şahs bozulmasynyň barlygyny ýaşyryp, çynaberimsiz edip şonuň özünde ýoklugyny çürt-kesik aýdýarlar. Şizofreniýaly kesellileriň hossarlarynyň arasynda duşýan bozulmalar, adaty ýagdaýdakylaryňkydan erkeklerde-de, aýallarda-da has kän duşýar.

*Etiologiýasy.* Bozulmanyň döräp ösmeginde terbiýe berlişiň aýratynlyklarynyň we çagalaryň irki döwründäki ösüşinde töweregindäkilere ynanmazlygyň döremegine getirmeginiň bozulmanyň ýüze çykmagyna uly täsiri ýetirýänligi baradaky pikirler bar. Enäniň çaganyň irki ösüş döwründäki ýaş wagtynda mähirli duýgularydyr hoşamaý mylaýymlygy görkezmeýänligi we şoňa ýeterlik ünsi bermeýänligi adamlara bolan ynanmazçylygyň döremegine getirýär. Şonuň netijesinde-de çagada uçursyz güýçli gorky döräp, ol soňra howatyrly hüşgärlenmä, şübheli ynanmazçylyk bilen garamagyna sebäp bolýar.

*Kliniki keşbi.* Bozulma adamlara hemişelik şübhelenme hem ynanmazlyk etme bilen häsiýetlenip, şolam onuň jogapkärçiligi öz üstünden aýryp özgeleriň üstüne atmagyna itergileýär. Olaryň ýetginjeklik ýaşyndan başlap özüniň bahasynydyr mertebesini kemsidýän şübheli gorkudyr ynanmazlygy döräp, haýsydyr bir takyk bolan kesgitli usul arkaly şolardan goranma isleginidir mejburlygy döredýän gaýry adamlaryň edýän hereketleriniňdir edim-gylymlarynyň, edýän gep-gürrüňlerinden erjellilikli tutanýerlilik bilen aňynda aýlap öwrüp-çöwürme bilen belli bir manyny çykarma gönükdirilen meýilem döreýär. Olara öz mümkinçiliklerini we ukyplaryny bolşundan beter çişirip belende götermek, pikirlenişiniň, netije çykaryşynyň esassyzlygy, bolmalysy ýaly psihiki çeýeligiň ýoklugy, oýlanyp bilmesiniň daralyp, pikirleriniň togtadylyp doňmagy, psihikasynyň işleýşiniň haýallamasy ýaly ýagdaýlar häsiýetli bolýar. Köplenç halatda, näsaglar ýokary pähimliligi hem käri boýunça ýokary ussatlygy görkezýän hem bolsalar, şoňa garamazdan öz mümkinçiliklerini çişirip, ýokary derejede bahalandyrýarlar. Şeýle şahslar beýlekileriň pikiri bilen ylalaşman, aýratyn-da beýlekileriň pikiri özleriniň nukdaýnazaryna gabat gelmedik halatynda diňe oz pikirlerinde galýarlar. Özüni alyp barşynyň nädogrulygyna garamazdan özüniňkini tassyklama maksady bilen, her edip-hesip edip öz pikirlerini esaslandyrmaga çalyşýarlar. Şonda näsaglar öz pikirleriniň şek-şübhesiz dogrudygyny, peýdaly hem bähbitlidigini uly ynam bilen aýdýarlar. Olaryň affektiw sebiti çäklendirilen bolup, şahsda wäşilik, göwnaçyklyk, mähir-muhabbetlilik ýetmezçilik edip özlerini duýgusy sowap kütelen, mähirsiz ýaly alyp barýarlar.

Şu görnüşiň esasy sypatyny P. B. Gannuşkin olaryň ýokary gymmatly pikirleri döretmä ýykgyn edip, iň wajybynyň «onuň hut öz şahsynyň aýratyn ähmiýetiniň barlygyny, özüniň üýtgeşik bir saýry adamdygyny nygtaýan pikiridir» diýip belläpdi. Şunuň esasynda-da, şahsda paranoid bozulmasy dörände gabanjaňlyk, yzarlanma, ýaman göz bilen garalma, dawa-jenjele döwtalaplykly ýa-da ipohondriki häsiýetli psihogen-paranoýal müňkürligiň döremegi ýa-da ulanylyp gelnen köne adalga boýunça – şahsyň paranoýal ösmegi diýilýän ýaly ýagdaýyň dürli görnüşleri kemala gelip biler. Kähalatlarda bu ýagdaý şizofreniýanyň döremegini öňünden duýdurýan alamat hökmünde-de hyzmat edip biler.

Köplenç, bu bozulma aýrylman, ömrüň ötinçä saklanyp, maşgalada-da, iş ýerinde-de çataklyklary döretmek bilen häsiýetlenýän, töwerekdäkilere kynçylyk baryny görkezip, hunaba ýuwutdyrýan ýagdaýdyr.

*Kesel kesgidi.* 1) näsaglyga we diýeninden, eden talabyndan boýun towlanylmagyna çendenaşa ýokary duýgurlygyň görkezilmegi; 2) kimdir birinden hemişe nägile bolmaklyk, ýagny göwnüne degeni, zyýan ýetireni, ulumsylyk, äsgermezlik edip, özüne kembaha garany bagyşlaman, içine kitüw salmagy; 3) beýlekileriň dostlukly ýa-da zyýanlykly hereketlerini nädogry bahalandyrma bilen ýoýuşdyrýar-da, olary duşman saýyp şübhelenýär, şahsyň hukuklaryna degişli bolan sowallara haýynlyk edilip, hakykata bap gelmeýän gelşiksiz hereketlere ýüz urýar; 4) maşgalasynadyr

adamsyna, ýakyn adamlaryna esassyz gabanjaňlyk edip, göwnüne degýär; 5) özüniň şahsy ähmiýetini, mertebesini çişirip görkezmek bilen, bolup geçýän wakalaryň diňe öz yhlasydyr hereketleri, başarjaňlygydyr gaýraty bilen geçýän ýalylygyna öwürýär; 6) häli-şindi özüniň garşysyna gönükdirilen dildüwşikleriň barlygy baradaky ünjüli pikirlere batyp, özi barada syrly, gizlin zatlar hakynda gürrüňleriňdir pikirleriň edilýänliginden çekinip howatyrlanýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Şahsyň paranoid bozulmasynda şübheli psihozlara häsiýetli bolup äşgär ýüze çykarylýan, düşnükli we anyk düzülmedik müňkürlikler, şeýle-de gallýusinasiýalar we paranoid şizofreniýasyna häsiýetli bolan pikirlenişiň adaty görnüşdäki bozulmasy bolmaýar. Bu paranoýaly ýekepikirliligiň döreme mümkinçiligi ähtimal bolan dowamly paranoid bozulmalaryndan aýyl-saýyl edip tapawutlandyrmaly. Ýöne şahs bozulmalarynda müňkürlik bilen ýokary bahalandyrmalaryň emele getirilmesine ýykgyn edilmesiniň çagalyk hem ýetginjeklik döwürlerinden ýüze çykarylyp bildirýänligini hem hasaba almaly.

*Bejergisi.* Has oňaýly hem peýdaly çemeleşme, hut şol şahsa degişli bolan goldaýjy psihoterapiýanyň geçirilmegidir. Howsalanma derejesini peseldip, özüňi alyp barşyň düzedilme aladalaryny çözmäge ýardam berýän türgenlikdir, endikleri kämilleşdirmeklige gönükdirilen kognitiw-özüňi alyp baryş maksatnamalaşdyrylma gowy netijelere getirýär.

Howsalaly pursadynda gysga wagtlaýyn täsirli benzodiazepinleri ulanmak mümkin: ýagdaýlarydyr bolup geçýän wakalary paranoid görnüşde düşündirmäniň döremegi bolsa sonopaksyň ýa-da galoperidolyň az mukdarynyň berilmegine esas bolup biler.

**Şahsyň şizoid bozulmasy.** *Etiologiýasy.* Nesil yzarlanylyşa ýykgynly bolup, çagany gynamalar bilen ejir çekdirmeler arkaly ýowuz terbiýelemegi ýa-da ejesiniň maşgalada eýemsiräp, kakasynyň bolsa kibtini gysyp ýygrylyp, müzzerilip, nalajedeýinligi görkezende enesiniň özdiýenligi bilen çagany aşa aýnadyp, onuň ähli islegdir talaplaryny kanagatlandyryp ösdürmegi bozulmanyň döremegine sebäp bolýan ýagdaýlaryň biridir. Diňe özüni bilýän doňýürek hyýrsyz ejäniň çaganyň bähbidini başyndan aýlap urup, oňa diňe öz aýdanlaryny etdirip ösdürmegi hem bozulmanyň döremegine getirip biler. Şeýle terbiýäni alyp ulalan çaga, soňra öz çagalaryny terbiýelemekde-de şol usuldan peýdalanyp, hut öz çagalary hem ýoldan çykaryp, şeýle ýarawsyzlyga uçradyp biler.

*Kliniki keşbi.* Bozulmanyň özenli häsiýeti – dymma bolup, pikir-hyýallaryny daşyna çykarman içinde saklajak, ýokary derejede interwertirlenmek – içine salmak bilen häsiýetlenýär. Bu ýagdaý adamlaryň arasynda hoşniýetli, şähdaçyk gatnaşyklaryň gurnalmagyna päsgel berýär. Şeýlelikde, hemme zady içine salyp dymma öwrülmek – onun esasy häsiýetidir.

Töwerekdäkilere näsag ýekirilýän, hemmeden cete çekilip ýören, ýeke çykan garasöýmez ýaly bolup görünýär. Olar daş-töwerekde bolup geçýän hadysalardyr

wakalar bilen hem düýbünden gyzyklanmaýarlar, beýleki adamlaryň alada-ünjilerine duýgudaşlyk bildirip goldamak barada pikir hem etmeýärler. Olarda beýlekiler bilen, hatda ýakyn hossarlarydyr garyndaşlary bilen hem adam şekilli dostlukly gatnaşyklary saklamak islegi bolmaýar. Olar adamlaryň gylyk-häsiýetlerine, boluşlaryna düşünmeýärler, olaryň begenjine-gynanjyna goşulyp, derdini paýlaşyp bilmeýärler. Şatlanma maksady bilen edýän wäşiligem gelşiksiz görnüşde bolup, şol pursatda töwerekde bolup geçýän wakalara sazlaşdyrylmadyk bolýar. Olar üçin öz gahar-gazabyny daşyna çykarmak çetin bolup, durmuş streslerine ertekä çalymdaş toslamalar bilen jogap gaýtaryp, özleriniň adaty adam däl-de gudratlylygyny belläp, şol bir wagtda-da basmarlan gynançdan zeýrenip dat edip ejir çekýärler. Olaryň toslamalara ýykgyn etmeginiň agdyklygy, elbetde, töwerekde bolup geçýän her bir hadysa dogry düşünip, bolmalysy ýaly bahalandyryp bilme ukybynyň ýoklugyny aňlatmaýar. Sowukganlylyk bilen dürs çykarylan hasabatlar, olaryň duýujylyk häsiýetiniň öwezini doly suratda dolubam bilýändir.

Olary lezzet berýän ählumumy şatlykly şagalaňlyklar özüne çekmeýän-de bolsa, söýgüli işi, gyzyklanmasy bilen meşgullanmadan ýa-da göwnüne ýaraýan oýunlarydyr güýmenjelerinden gowy lezzet alyp, ony töweregindäkilerden ýaşyrýarlar.

Olary düýbünden duýgusyz saýyp bolmaz, çünki aç-açan görkezýän sowukganlylygy zerarly adamlar bilen gürleşmeklige isleg bildirmezlikleri, şoňa döwtalap hem bolmazlyklary, haýwanlar bilen ysnyşyp mähirli ýakynlaşmalary bilen hem utgaşyp biler. Olaryň haýsydyr bir ynsanperwer (taryh, dil, syýasat, ykdysadyýet, matematika we astronomiýa ýaly adama gönümel degişli bolan) ylym bilen çynlakaý iş salşyp, hut şol ugurlardan ähmiýetli täze açyşlary etmekleri mümkin. Şeýle-de, olar filosofiýa, ylma, dine, durmuşy kämileşdirmä, abadanlaşdyrma gönükdirilen işler bilen gyzyklanyp, olara degişli bolan çyzgylary düzmäge girişip bilerler.

Lukman bilen söhbetdeş bolanlarynda ol näsaglar özlerini birhili oňaýsyz duýup, müýnli ýaly ýygrylyşyp, söhbetdeşiniň gözüne-de göni seredip bilmeýärler. Olaryň berýän jogaplary gysgadan birmeňzeş bolup, özara düşünişibilmäni kynlaşdyryp, gürrüňiň peýwagtyna dowam etdirilmegini hem goldamaýarlar. Olaryň gürrüňlerinde, sözlerinde adaty bolmadyk aýlawlar, deňeşdirmeler getirilip, atalar sözlerinidir nakyllary umumylaşdyryp bulaşdyrýarlar. Durmuşdan arasyny üzüp, al-asmana gaýdyrlan, manysyna düşünmesi kyn bolan düşündirmelere ýüz urýarlar. Şeýle sowuk-sala çemeleşmäniň aňyrsynda ýaramazlygyň ýatandygyna gözi ýeten ökde lukmanyň howsala düşüp başlamagy mümkindir.

*Kesel kesgidi.* Şahsyň şizoid bozulmasynyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilen häsiýetleriň ýa-da özüňi alyp barşyň görnüşleriniň bolmanda dördüsine gabat gelmegidir: 1) edilýän işleriňdir hereketleriň az sanlysynyň göwnünden turup begendirýänligine; 2) emosional sowuklygyna ýa-da affektiň ýülmeneklenilmegine; 3) töwerekdäkilere mylaýym mähirli duýgulary bildirilmeginiň

ýa-da gahar-gazabyny daşyna çykaryp, bildirip ajysyny pürkmesiniň peselmegine; 4) töwerekdäkileriň öwgüsine hem köteklemesine daşyndan göräýmäge biperwaýlyk görkezilýän ýalylygyna; 5) gaýry adamlar bilen ysnyşyp jynsy gatnaşyk baradaky tejribe alyşma gyzyklanmanyň peselmegine; 6) hemişe diýen ýaly amala aşyrýan işleriniň ýekelikde geçirilme meýliniň barlygyna; 7) ertekidäki ýaly toslamalar hem (öz-özüni synlap öz keselini suratlandyrmak) intraspeksiýa bilen meşgullanma gyzyklanma; 8) ýakyn dostlary ýa-da kimdir başga biri bilen ygtybarly ynamly gatnaşyklaryň bolmazlygyna, asla şol gatnaşyklara meýil bildirilmezlige; 9) durmuş kadalarynyň hem talaplarynyň adaty saklanyp bolmalysy ýaly ýöredilmesiniň ýeterlik dälligine hem-de olardan häli-şindi bilkastlaýyn boýun gaçyrylmagyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Munuň ýönekeý şizofreniýa bilen şizotipiki bozulmadan tapawutlandyrylmagy gerek. Meseläniň kynlygy ýokarda görkezilen bozulmalaryň ýetginjeklik döwri aýaklansoň başlanyp, kesgidiň goýulmasy köp halatda durmuşa uýgunlaşyp bilme hem emosional-erk özgerişleriniň bildirişiniň derejesiniň bahalandyrylyp bilinme mümkinçiliklerine bagly bolmagydyr.

*Bejergisi.* Toparlaýyn geçirilýän bejergi bolup, şonda isiň agramyny hut öz üstüne alyp, öz şahsyň aýratynlyklaryndan özüne mümkingadar köp täsir gazanyp, töwerekdäkilere peýda getirilmegidir. Adaty bolmadyk neýroleptikleriň, meselem, rispolept hem-de kwetiapiniň az mukdaryndan peýdalanylsa bolar.

**Şahsyň dissosial bozulmasy.** *Etiologiýasy.* Şahsyň dissosial bozulmasy ozalky toparlara bölmede aýratyn görnüşde bölünip ýüze çykarylmaýardy. Ol belli bir derejede P.B.Gannuşkiniň «antisosial psihopatiýany» we A.Ýe.Liçkonyň psihopatiýanyň durnuksyz garaguşagyry görnüşini ýatladýar. Şahsyň dissosial bozulmasynyň etiologiýasynda nädogry terbiýe berlişiň gipoopeka (çaganyň başdan aýlanyp urulyp, oňa ýeterlik derejede üns berilmän, hor-zar saklanylmagy) görnüşine, ýagny çaganyň ugruna seredilmän idegsizdir garawsyz galdyrylmagyna, ýeterlik derejede söýülmezligine we oňa ünsüň az berilýänligine esasy ähmiýet berilýär.

Şu bozulma, adatça, maşgalada jenaýatçylaryň bolmagynda hem-de psihoaktiw madda (neşe) ulanýanlarda döreýär. Şeýle kesele durmuşyň pajygaly agyr ýagdaýyna, meselem, uruş turmanyň netijesinde, göçe-göçlükde çykgynsyz kyn ýagdaýlara düşen maşgalalarda duş gelinýär. Ýöne dissosial bozulmany jenaýatçylyk bilen deňeşdirmek bolmaz, sebäbi bu ýagdaý şahsyň psihologiki ösüşi döwründe kemala gelip, kanuna tabyn bolup, jemgyýetiň düzgün-tertibini, talaplaryny gyşarnyksyz saklap bilme ukybynyň ýitirilmegidir.

*Kliniki keşbi.* Munuň esasy häsiýeti keýp çekip lezzet alma, tolgunylman, dartgynlyga gelinmän hem-de süňňe zor salnylman, güýjüň adaty zähmete sarp edilmän, durmuşyň eşretlerinden peýdalanyp, hezil edip ýaýnamakdan ybaratdyr. Munuň çagalykda başlanyşynyň adaty ýüze çykyşy ýalan sözlemek, işdir okuw

we beýleki barmaklyga borçly bolan ýerlerine barmazlyk, başyny alyp öýden çykyp gitmek, ogurlyk etmek, dawa-jenjel turzup uruşmak, kanuna garşy gelýän hereketlere ýüz urmak bilen häsiýetlenýär. Soňra özüňi alyp barşyň gödek suratda bozulyp, jemgyýetde ýöredilýän durmuşy hem ahlaky kada-kanunlara gabat gelmezligidir. Beýlekileriň duýgy-aladalaryna biperwaýlyk bilen garamak hem göwnejaý aragatnaşyklary gurnap, saklap bilmezlik, aldanma we çykgynsyz ýagdaýlara döz gelip çydap bilmeklige gaýratyň çatmazlygy, gahar-gazabyny daşyňa çykarmagyň, şol sanda zorluk etmäniň derejesiniň pesligi bilen häsiýetlenýär. Dissosial şahslar günäkärligini duýmaga, durmuş tejribesinden, hatda temmi berlip jeza çekilmeginden hem sapak alyp, peýdaly netijeleri çykarma ukypsyz bolýarlar. Olara hemişe özleriniň eden-etdiligini ýuwmarlap, özlerini kanuny talaplara laýyk alyp barmaýandyklaryny dogry hem kanunalaýyk saýmaklary ýaly säwlikler häsiýetli bolýar. Şeýle ýagdaýlarda olarda pikirlenme ukybynyň bozulmasy düýbünden bolman, tersine, olaryň özlerini gurşaýan ýagdaýa gowy düşünip ökdelik bilen uýgunlaşmasy hem-de akyl-huşy ýeterlik derejede ýokary bolýar. Olaryň emr edip bilmä, adamlaryň başyny-gözüni aýlap bilmä bolan ukyplary töwerekdäki adamlaryň özlerini alyp barşyna giňişleýin täsir etmeklerine mümkinçilik döredýär. Şolar hem ýoldan çykarmaklyga ýardam edýär. Töwerekdäkileriň oňa gulak gabardyp ynanmaklary, adatça, ençemäni ýoldan çykaryp, ýaramaz ýagdaýlaryň üstünden eltýär. Olara aragatnaşyklary gurnamakda-da tanşyp iş salyşýan adamlaryny belli bir derejede bahalandyryp, saýlap-seçmän almak, ýanýoldaşynyň belli bir sebäpsiz göwnüne degme, çagalaryna ýowuz darap, azar ýamanyny berip zalymlyk etmek, meýli içgilerden aşa-serhoş bolup dawa-jenjelleridir uruşlary turuzmak häsiýetli bolýar. Olar jenaýatçylar toparyna girmeklige ýykgyn edýärler, şahsy bähbitlerini arap, töwerekdäkileriň islegidir talaplaryny inkär edip gezýärler. Olaryň jynsy aragatnaşyklara girişmesem bitertip, başly-barat geçýär.

Bozulmanyň geçişinde aram-aram gowulaşmalar bolman, jenaýatkärçilikli hereketleriň edilmelisiniň iň ýokary derejelisi ýetginjeklik döwrüniň aýaklarynda bolýar. Şahsyň dissosial sypatlary bilen arakhorlyk utgaşanda bolsa, ol ýagdaý durmuşa uýgunlaşyp bilmeginiň bozulyp ýitirilmesini has-da tizleşdirýär. Olaryň aglabasy hiç haçan dawa-jenjellere göni özleri gatnaşyp, kanuna garşy gitmeýär-de, ýalançylygy hem kezzaplygy bilen mekirlik edip, beýleki arassa adamlary öz hapa niýetlerini amala aşyrmakda ussatlyk bilen ulanýarlar.

*Kesel kesgidi.* Şahsyň dissosial bozulmasynyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlaryň iň bolmanda üçüsine gabat gelmelidir:

1) Başgalaryň duýgy-aladalaryna doňýüreklikli biperwaýlygyň görkezilmegine; 2) Sosial kadalara, düzgün-tertiplere, borja aç-açan hem durnukly äsgermezligi görkezmegine; 3) Adamlar bilen gowy aragatnaşyklary saklamaga hiç bir päsgelçilikleriň bolmazlygynda ony durnukly saklap bilmek ukybynyň bolmazlygyna; 4) Dawalaşmadyr uruşma, şol sanda zorluk etmä ýüz urmada-da, şoňa gönükdirilen

islegdir-hereketleriň pesligine, agyr ýagdaýlaryň öňünde çydamlylyk görkezip durnukly durup bilmäniň gowşaklygyna; 5) Öz günäsine düşünip durmuşdaky amala aşyran haram işlerini ýatlap toba edip, olardan sapak alyp düzelme kararyna gelibilmezligine; 6) Töweregindäkileri haýynlyk bilen günäkärläp ýa-da hajyk-hujyk etme arkaly öz bolşuny timarlap owadanlamanyň, özüni hiç bir kemsiz-köstsüz ak guş ýaly edip goýmagy netijesinde dawa-jenjelleriň bolmagyna; 7) Özüniň yzgytsyzdan tükeniksiz ynjyklygyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Psihiki taýdan sagdyn jenaýatkärden dissosial psihopat özüni jenaýatkärlikli alyp barmagy şahsynyň ähli durky bilen tutuşlaýyn bozulmagy bilen häsiýetlenýär. Dissosial bozulmany neşe serişdeleriniň agdyk ulanylmasynyň getirýän bozulmalaryndan tapawutlandyrma uçursyz kyn bolup, olaryň ikisiniňem çagalykda başlanylmasy iki kesgidiňem birden goýulmagyna mejbur edýär.

Şeýle-de, şahsyň şu bozulmasyny ýönekeý şizofreniýadan hem-de şizotipik bozulmadan, Gentingtonyň horeýasyndan tapawutlandyrmalydyr. Şeýle ýagdaýlardaky şizofreniýa bilen şizotipik bozulmalara özüňi antisosial alyp barma hem-de pikirlenişiň adaty bozulmasynyň emosional-erk bozulmasy bilen utgaşyp geçmesi häsiýetli bolýar. Horeýada bolsa özüňi durmuşa bap gelýän görnüşde alnyp barylmazyndan daşary hereketlenmelerde, emosiýalaryň ýüze çykarylmagynda hem pikirlenişde giperkinezleriň (hereketleriň uçursyz) güýçlenmeginde-de gabat gelinýär.

*Bejergisi.* Toparlaýyn bejergi geçirilip, onda deň-duşlarynyň toparynda bolan dissosial psihopatly näsagyň özgerip sagalmak islegine itergi berýän şertlerdir ýagdaýlar döredilýär. Şeýle topar çagalykda berlen nädogry terbiýäniň döreden kemçilikleriniň düzedilip öweziniň dolunmagyna ýardam edýär. Şol topar näsaglaryň çagalykda özleri barada alada edip mähirli söýen maşgalasynyň bolmanlygynyň deregini tutup, kalbyndaky baslygyp ýatan kine-kitüwini aýyrýar. Şeýle-de, özüňi alyp baryş bejergisiniň tapawutlananlary «sylaglama» görnüşindäki oýunlaryň geçirilmegi bilen, ökde çykanlary hormatlap sylaglamak, işiň hötdesinden gelmegi başarmadyklary bolsa ýazgarma arkaly tertibe getirme usuly hem ulanylýar. Impulsiwlilere gözegçilik etme maksady bilen käbir halatlarda litiý, karbamazepin we neuleptil ýaly dermanlardan peýdalanylýar.

**Şahsyň emosional durnuksyz bolan bozulmasy.** Şahsyň bozulmasy belli bir derejede psihopatiýanyň görnüşlerini ýatladyp, eksploziw (birden gyzyp gaharlanyberme), affektiw göçgünlilik we ş.m. diýlip atlandyrylýar. Ýöne olar emosional-labil (durnuksyzlyk görkezip hereketlenmä gelmeklik) we reaktiw-labil ýaly oňa çalymdaş atlandyrylýanlara düýbünden meňzemeýärler. Şahsyň emosional durnuksyz bozulmasynyň iki görnüşlisi bolýar: impulsiw we araçägrägi.

*Etiologiýasy.* Bozulmanyň döremegine tohumda nesil yzarlaýjy kesellere ýykgynlygyň bolmagy bilen terbiýe berlende çagalara ýeterlik hem göwnejaý ünsüň

bolmanlygy sebäp bolýar. Bu ýagdaý agzalaryň organiki bozulmasy bolup, özleriniň emosional durnuksyzlygy bilen disforiýaly (keýpi bozulyp duraganlar) we özüni alyp barşynda hereketleriniň gowşakdan pesligini görkezýän maşgalalarda has ýygy döregen bolýar. Bozulmanyň emele gelmegine getiräýjek sebäplere göwredäki çaga şikes ýetirilmegi we kelle-çanak beýni şikesleri, ensefalit, çagalaryň garaguşagyra meňzeş sudorogly bozulmasy we giperkinezler girýär. Beýle näsaglarda ýüzleý newrologiki alamatlaryň we EEG-däki mahsus bolmadyk gyşarmalaryň belli bir derejedäki ýokarlanmagy bolup, olar beýni işiniň bozulmagynyň ujypsyzlygyny anyk görkezýän güwanamalardyr.

*Kliniki keşbi.* Munuň impulsiw görnüşinde özenli alamatlarynyň esasylarynyň biri töwerekdäkilere duýdansyz topulyp ýa-da zatlary wagşylyk bilen döwüşdirip zaýalama bilen ýüze çykarylýan oňşuksyzlyk, urşaganlyk, erkine buýrup meýil-dir-islegleriňe gözegçilik edip bilmekligiň ýitirilmegi bilen häsiýetlenýän ýagdaýyň gaýtalanyp durmagydyr. Gahar-gazaba gelip hyjuwlanyp uruşma bolan döwtalaplygyň güýçlenmesiniň derejesi wakalara baglylykda döreýän stresiň öjükdirip, şol howply hereketlere getirme derejesine ýetmeýär, oňa düýbünden laýyk hem gelmeýär. Ýagdaýyň gaýtalanmagynyň öňüsyrasynda içki dartgynlygy güýçlendirýän alamatlar birnäçe minudyň ýa-da sagadyň dowamynda döräp, soňam onuň uzak-gysgalygyna baglanyşyksyz ýagdaýda öz-özünden aýrylyp gidýär. Dissosial bozulmalardan tapawutlylykda birden gyzyp, gahar-gazaply biçak güýçli bolan joşguna gelmegiň soňy ýykan-ýumrançylyga baş urup, eden etmişine ökünip, puşman etmek, öz günäkärligiňi boýun almak hem öz-özüňi köteklemek, howsalalanmaly depressiýanyň alamatlarynyň peýda bolmagy bilen tamamlanýar. Şeýle gaýtalanmalardan beýleki ýagdaýda impulsiwliligiň hyjuwly görnüşde ýüze çykarylyşy näsaga gaty bir laýyk hem gelmeýär. Fiziki zor salynylma ýagdaýyň gaýtalanmagyna, köplenç halatda, öz bialaçlyk duýgusy öňürdip töwerekdäki zatlary özgertmäge güýjüň çatmaýanlygyna janyň ýanyp haýpyň gelýär. Näsaglaryň käridir hünäri bilen baglanyşykly durmuşy gazanylan üstünliklere şeýleki bir baý bolman, adatça, häli-şindi işinden boşadylyp çykarylma, nikany bozup aýrylyşma, kanunlara ylalaşman oňuşmazlyk görkezme ýaly ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolýar. Bozulma 20-30 ýaşlylarda döräp, orta ýaşa ýetenlerde alamatlaryň ýitiligi birneme öçügsilenýär.

Araçägräk görnüşi köpsanly kliniki fenomenler (alamatlar) bilen ýüze çykarylyp, şolar newroz bilen psihozlaryň aralygynda bolýan ýagdaýdyr. Şahs bozulmasynyň şu görnüşi özüňe baha berip gymmatlandyryşyň derejesiniň, affektiň, özüňi alyp barşyň, ilkinji nobatda adamlar bilen söhbetdeş bolmagyň juda durnuksyzlygy bilen häsiýetlenýär. Näsagyň hemişe diýen ýaly psihiki krizisli (howply) ýagdaýynda bolmagynda, aram-aram döräp birden kesilip gutarýan galyndy, anyk bolmadyk düşnüksiz alamatly bolan subpsihiki gaýtalanmalar peýda bolup durýar. Emosional durnuksyzlygyň durmuşa uýgunlaşyp bilmezlige getirme

howpy uly bolup, ol näsagy ýykan-ýumrançylyga iterip köp sanly weýrançylyklara alyp barýar. Göz üçin janyna kast edilmä gönükdirilen synanyşyklar bolsa, köplenç halatda teniň ol-bu ýerini pyçak bilen çalaja dilmek, derman serişdeleri bilen zäherlenmä hyýallanmak ýaly hereketler arkaly ýüze çykarylýar.

Umuman alnanda, näsaglar özlerine we töwerekdäkilere baha bermekden gaýry, töwerekde bolup geçýän ähli hadysalary bolşy ýaly hakykylygynda kabul edip bilmek we olary dogry bahalandyryp bilmek ukyplaryny hem ýitirmeýärler. Töwerekdäkiler bilen edilýän aragatnaşyklar keseliň alamatlarynyň ýüze çykyp, göz-görtele aýdyň bildirýän meýdança şekilli bir zada meňzeýär. Näsaglar ýekeligi azar-ýamanyny görüp, horlanyp, hupbat baryny çekip örän gynançly ýagdaýda kynlyk bilen geçirýärler, öz kalbynyň uçursyz gynaýjy, kejebäňi darykdyryp gysyp-gowrujy boşlugyndan dynma maksady bilen gürleşip derdinýär, çökder gam-gussany paýlaşyp hümürdeşer ýaly adamyň gözleginde gezýärler. Şol bir wagtda-da, olar töweregindäkilerden, garaşylmaýan aslynda bolup bilmejek samsyklaç zada – olaryň özüne wepadar bolmaklaryny, hemaýat berip gepsiz-gürrüňsiz goldamaklaryny, özüniň talap edýän zatlarynyň ählisiniň ýerine ýetirilip, isleglериniň doly suratda kanagatlandyrylmagyna garaşýarlar. Galyberse-de, olar özüni akly goýalyşan adam ýaly kada girizilen düzgün-tertiplere laýyklykda alyp barmaýanlygyny, özüniň gönümel jogapkärligini boýun almakdan hem ýüz öwürýärler. Onsoň olara her bir adam özüniň garaşýan şol zatlarynyň gözeneginden ak-gara şekilde – ýa diňe gowy ýa-da erbet ýaly bolup görünýär. Bardy-geldi şol adam munuň garaşyşy ýaly gowy bolup çykaýsa, onda ol ony mahabatlandyryp al-asmana göterip beýgeldýär, islegine gabat gelmeýäni bolsa gynaýjy zalym, janyna kast etjek bolýan adam hökmünde görýär.

*Kesel kesgidi.* Şahsyň emosional durnuksyz impulsiw görnüşiniň kesgidiniň goýulmagy üçin näsagyň ýagdaýynyň şu görkezilen alamatlaryň bolmanda üçüsine bap gelmegi hem-de olaryň arasynda ikinjisiniň bolmagy hökmanydyr: 1) soňunyň nirä baryp degjegine garamazdan, ol barada öňünden pikirlenip, ölçerip-dökmezden howply hereketleriň duýdansyz edilmeginiň aýdyňdan takyk bolmagyna; 2) duýdansyz hereketleriň edilmegine garşylyk görkezilende sögüşip dawa-jenjel turuzmaga takyk meýliň bolmagyna; 3) birden gyzyp biçak güýçli gahar-gazaba gelmä ýa-da özüni alyp barşyna gözegçilik edip hatarly hereketlere girişmeden saklanyp bilmek ukybynyň bolmazlygyna; 4) kanagatlandyrýan zatlaryň üsti arkaly goldanylanda özüni dogry alyp barmaga erk-ygtyýarynyň ýetmän şonuň kadalygyny, ilhalarlygyny saklap bilmäniň kynlaşmasyna; 5) keýpiniň üýtgäp, özgerip hem nähili boljaklygyny öňünden ýorup bolmajak ýagdaýa gelýänligine.

Şahsyň emosional durnuksyz bolan bozulmasynyň araçäklиräk görnüşine degişli bolan alamatlaryň näsagyň ýagdaýyna bolmanda üçüsiniň bap gelmeginden daşary, aşakdaky goşmaça alamatlaryň bolmanda ikisine laýyk gelmegi zerurdyr: 1) öz-özüne ynamyň bolman hut özüne, öňünde goýan maksatdyr matlaplaryna hem-de

has ýokary bolan içki isleglerińi duýup düşünip bilmezligine; 2) töwerekdäkiler bilen içgin, ýöne durnuksyz bolan adam, gatnaşyklary gurnama bolan höwesi amal etmä güýçli islegiň bildirip, ýöne, köplenç halatda şolaryň emosional kynçylyklara getirýänligine; 3) hemmetaraplaýyn ýüz öwrülip, ret edilip taşlanmak duýgusyndan ejir çekdirýän ýekelikde galma ýagdaýyndan dynmak üçin edilýän tagallalaryň çişirilip ulaldylyp görkezilmegine; 4) özüni alyp barşynyň öz-özüni kösemeklige gönükdirilen ýa-da şonuň döremegine getirme howply bolan elementleriň gaýtalanmagyna; 5) içiniň, kalbynyň boşlugynyň durnukly duýulmagyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Özüne gözegçilik edip bilmek ukybynyň ýitirilmesi bilen geçýän şahsy bozulmalaryň gaýry görnüşlerindäki (dissosiatiw, araçäklirákli) gaýtalanmalardan başga wagt ozal sferalarda bozulmalaryň bolmazlygy bilen tapawutlanýar. Paranoid şizofreniýasynda we katatoniki şizofreniýada urşaganlyga döwtalaplyk, adatça, gallýusinator alamatlar we hakykatyň paranoid arkaly bahalandyrylmagy bilen utgaşyp geçýär. Maniakal näsaglaryň impulsiw urşaganlygy hemişe affektiw sindromynyň diňe bir komponenti görnüşinde ýüze çykarylýar, bu ýagdaýda beýniniň organiki bozulmalary (garaguşagyry, beýni çişleri, degeneratiw we endokrin bozulmalar), şeýle-de psihoaktiw maddalaryň agdyk ulanylyşy hem aradan aýrylýar.

Özüniň aýry-aýry sypatlary bilen araçäklirák görnüşleriniň bolsa newrozlaryň suratlanylyşy, şizofreniýa toparynyň, aýratyn-da şizogörnüşli bozulmalaryň affektiw we şahsy bozulmalarynyň hemme görnüşlisi bilen diýen ýaly üsti basmarlanylýar. Ony tapawutlandyrmany diňe keseliň geçiş döwründe üstüni açyp bolýan takyk hem ygtybarly alamatlaryň peýda bolmagy mümkinçilik berýär. Şizogörnüşli ýagdaýyň kesgidiniň goýulmagynda kognitiw-perseptiw bozulmalar esasy alamat bolup, araçäklirák bozulmasynda bolsa ünsüň agramy özüňi alyp barşyňa hem affektiw komponentlere berilýär.

*Bejergisi.* Her bir näsaga degişlilikde aýratyn bolan hususy bejerginiň we toparlaýyn psihoterapiýanyň, geştalt-terapiýanyň, özüňi alyp barşyň düzediliş bejergisiniň geçirilmegi maslahat berlip, impulsiwlilere gözegçilik etmäni ugrukdyrýan serişdeleri, meselem, litiýniň preparatlary, karbamazepin, MAO-nyň ingibitorlary we neýroleptikler ulanylýar.

**Şahsyň isteriki bozulmasy.** *Epidemiologiýasy.* Bozulmanyň ýaýraňlygy baradaky takyk maglumatlar heniz ýok. Onuň aýallarda agdyklyk edýänligi welin bellidir. Süňňi keseller bilen arakhorlyk we komorbidliligi (ýagdaýy agyrlaşdyrmagy) ýokary bolýar.

*Etiologiýasy.* Bozulma çagany läliksiredip götergiläp arşa çykarma bilen terbiýeleme bilen baglanyşykly bolýar. Onsoň şunuň dissosial görnüşli şahsa ýakyn hem meňzeş bolanlygy sebäpli şu bozulmanyň nesil yzarlaýjylyga ýykgynly maşgalalarda laýyk bolan bozulmalara meňzeşligini çak etmäge mümkinçilik döredýär.

*Kliniki keşbi.* Häsiýetli bolan alamatlaryň tutuş topary bilen ýüze çykarylyp, olaryň arasynda alamatlaryň üçlügini bölüp çykarsa bolýar: emosionallygyň ýokarylygy, özüňi töwerekdäkileriň üns merkezinde goýma itergilenmek we affektiw (gyzmaklykly) logiklik.

Näsaglaryň emosionallylygy hyjuwlanyp emosional joşguna gelmesiniň ýokarlananlygy, gyjyndyryjylara degişlilikde duýgurlygyň, şeýle-de emosional jogap gaýtarylyşynyň özboluşlylygy bilen ýüze çykýar. Näsaglar psihogen gyjyndyrylmalary ýeňillik bilen duýup, olara joşguna gelinmeli tolgunma bilen jogap gaýtarýarlar. Şunuň bilen baglylykda olaryň keýpi durnuksyz bolup, günüň dowamynda häli-şindi özgerip ençeme gezek üýtgäp durýar.

Emosionallylygyň ýüze çykarylyşy aýdyň hem ýiti, sahnalaşdyrylan teatr oýnundaky ýaly ýasama görnüşlerde ýüze çykýar. Onsoň olar uly ähmiýeti bolmadyk şatlykly ýagdaýlarda-da ony çişirip uly waka öwrüp uçursyz begenme, heşelle kakyp heýjana gelme bilen daşyna çykaryp, ýüz-gözlerini enaýy görnüşde oýnadyp, aýny hereketler edip, el-aýaklaryny galgadyp böküşip, towsuşyp, bolmajy görnüşde joşgunly duýgularyny batly dabarlanma bilen daşyna çykarýarlar. Şeýle-de, ujypsyzja ýakymsyz ýagdaýlar dörände-de hamala diýersiň ahyrzaman gopan ýaly aglaşyp-eňreşip çykgynsyz, agyr «betbagtçylyga» uçran ýaly biçak gaýgylylygy ýüze çykarýarlar. Olar şol duýgularyny şeýle batly hem pajygaly ýüze çykarýan hem bolsalar, aslynda duýgulary ýüzleý bolup uzaga çekmän, tiz ýadyndan çykaryp, hiç zat bolmadyk ýaly başga bir zatlar bilen meşgullanyp, aýan edýärler.

Bu bozulmanyň ýene-de bir häsiýetli sypatlarynyň biri özüňi üns merkezinde (egosentrizm) goýma meýlidir. Şony gazanmak üçin näsaglar hiç bir zatdan gaýtman, islendik usuldyr serişdeler arkaly töweregindäkileriň ünslerini özlerine çekmäge çalyşýarlar. Şol maksat bilen olar üýtgeşik geýnip, geýýän geýimleriniň adaty bolmadyk reňkleriniň, geýimleriň biçilişiniň has tapawutlylaryny saýlap, olaryň görlüp-eşdilmedik utgaşdyrylmalarynda peýdalanýarlar. Toslama wakalary owadanlap beýan etme bilen, özlerini aýratyn orunda belende götergiläp galdyrýarlar; gürrüň edenlerinde bolsa dürli görnüşli pirimleridir hilegärlikleri ulanyp, diňleýjileriň nebislerini agyrtma maksady bilen olary özüne çekmek üçin özlerinde adaty bolmadyk, görlüp-eşdilmedik agyr keseliň barlygyndan zeýrenýärler.

Näsaglaryň toslap tapan wakalarynydyr ýerliksiz taryhyny hut şeýle görnüşlerde çişirip, paňlaşyp beýan etmekleriniň esasynda, olary sagdyn däl diýip atlandyrýarlar. Eger-de ol şahs üns merkezine düşüp bilmese ýa-da edim-gylymlary, edýän talapdyr islegleri makullanylyp kanagatlandyrylmasa, onda olar gahar-gazaba gelip gyzmalygy, yzgytsyz ynjyklygy görkezip, ýarym-ýaş bolup aglap-eňräp töweregindäkileri aldygyna kötekläp günäkärleýärler.

Isteriki şahslara ynanjaňlygyň (güp ynanma) ýokarylygy häsiýetli bolýar. Ýöne ol ynanjaňlyk ýeterlik derejede saýlanylyp-seçilme arkaly seljerilýär: olara çyny bilen küýsäp garaşýan ýa-da ýokarda görkezilen haýsydyr bir höwesdir-meýliniň

kanagatlandyrylaýjagyna ynandyrmak añsat bolýar, ýöne islegine ters gelende welin, onuň ynanjaňlygyndan nam-nyşan galmaýar. Hut şeýle ýagdaý olaryň kimiňdir biriniň tabynlygyna düşüp bakna bolmagyna-da sebäp bolýar. Galyberse-de, käbir isteriki şahslaryň, aýratyn-da erkek adamlaryň özleri eýemsiremäge, baştutanlyk etmä höwesek bolýarlar.

Isteriki şahslaryň pikirlenişiň suratlandyrma şekilli bolmagy töwerekdäki zatlara düşünmesiniň hem-de bolup geçýän wakalary kabul edişiniň affektiw görnüşlerinde geçmegi ýaly görnetin bozulmalary hem ýüze çykarylýar. Logikasynyň affektiwligi bolsa pikirlenişiň hakykata laýyk getirilmezligi hem emosional ugrukdyrylmasy bilen häsiýetlendirilip ýüze çykarylýar. Näsaglar gaýry adamlary we bolup geçýän durmuş wakalaryny hakykata laýyk görnüşde bahalandyryp bilmeýärler, ýagny olar töwerekdäki ähli zatlara öz oý-pikirlerinde hakykata laýyklanan dürs pikir-düşünjäni berip bilmek ukyplaryny ýitirýärler. Olaryň oý-pikirleriniň mazmuny hakyky durmuşy, bolup geçýän wakalary bolşy ýaly suratlandyryp bilmän, olar onuň hut özüniň hususy duýgularyna we öňden taýynlanylyp goýlan düşünjelerine ýugrulan bolýar. Gysgaça aýdylanda, olaryň pikirlenişiniň emosional (duýgulara ýugrulyp) ugrukdyrylanlygy gürrüňsizdir. Şeýle ýagdaýlardaky pikirleniş duýgular bilen gyşardylyp, bolup geçýän hakyky ýagdaýlara we töwerekdäki zatlara bolan adaty direglerini ýitirip, netijede töwerekdäki zatlardyr wakalar hakykata laýyk gelmeýän görnüşde suratlandyrylýar.

Kabul edilişiň affektliligi bolsa töwerekden täsir edýän köp sanly zatlaryň arasyndan görüp hem üns berip aňşyryp, kabul edýän gyjyndyryjylardan diňe özleriniň emosional ýagdaýyna gabat gelýänlerini saýlap alyp, galan ähli gaýry zatlaradyr hakykata ähmiýet bermän, olary hasaba almaýarlar. B. Ýa. Gilýarowskiýniň (1954) belleýşi ýaly özleriniň psihiki garaýyşlarydyr isleglerine bap gelmeýän zatlara kerlik bilen körlügi görkezýärler. Wagtyň geçip ýaşyň aňry gitdigiçe bolsa näsaglaryň ýüze çykaryp görkezýän alamatlary, megerem ýaşa baglylykda gujur-gaýratyň gaçyp, kuwwatyň peselmegi bilen baglylykda birneme öçügsilenýär.

*Kesel kesgidi.* Şahsyň isteriki bozulmasynyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlaryň bolmanda dördüsine gabat gelmelidir: 1) häsiýetiň ýasamalygy, özüňi alyp barşyň sahnadaky teatr oýnuna meňzedilmegi ýa-da hususy duýgularyny çişirip ulaltma bilen daşyna çykarmagy; 2) ynanjaňlyk ýa-da töwerekdäkileriň hem-de bolup geçýän wakalaryňdyr hadysalaryň täsiriniň astyna ýeňillik bilen düşmegi; 3) affektiniň ýüzleý hem durnuksyzlygy; 4) özüniň hemişe üns merkezinde bolmaklygyna getirýän hyjuwly tolgunmalara we hereketlenmelere ýardam edýän ýagdaýlaryň irginsiz gözleginde bolmagy; 5) özüniň jynsy gatnaşyk işine bolan ukybynyň daşky görkünidir sypatyny hem edim-gylymlaryny hakyky bolşy ýaly däl-de, owadanlaşdyryp görkezmäge çadyşmagy; 6) özüniň daşky sypatynyň töwerekdäkileriň ünsüni çekijiligini hemişe ünji-alada edinmegi.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Käbir endokrin kesellerine häsiýetli bolan organiki dissosiatiw bozulmalardan, meselem, tireotoksikozdan hem kelleçanak-beýni şikeslenmesiniň getiren organiki bozulmalaryndan tapawutlandyrmalydyr. Bu bozulmalar isteriki häsiýetlendirilmeden daşary dismnestiki (huşuň peselmesi), disforiki (keýpiň bozulmasy) we asteniki (gowşaklyk) ýaly alamatlar bilen, şeýle-de goşmaça usullar arkaly geçirilen (newrologiki, EEG, KT) adaty barlaglarynyň maglumatlarynyň netijesi bilen häsiýetlenip tapawutlanýandyr.

*Bejergisi.* Has göwnejaý bejergi diýlip psihoanalize ugrukdyrylan hususy we toparlaýyn geçirilýän psihoterapiýa saýylýar. Farmakoterapewtiki serişdelerden difeniniň ýa-da karbamazepiniň ulanylmagy ýerliklidir.

**Şahsyň anankast (obsessiw-kompulsiw) bozulmasy.** *Etiologiýasy.* Bozulmanyň nesil yzarlaýyşdan döreýänligi bellenilýär. Psihososial ýagdaýlaryň arasynda ata-ene tarapyndan çagany terbiýelemekde aşa ýowuzlygyň, yzgytsyzlygyň görkezilýänligi bellenilýär. Z. Freýd bu bozulmanyň özeninde şahsyň kemala gelmesiniň iki ýaşly cagalarda bozulýanlygyny çak edýänligini belläp geçipdi.

*Klinikasy.* Näsaglara häsiýetli bolan töwerekdäki ähli zatlaryň dogrulygy, tertipliligi baradaky edýän agdyk alada-ünjileri olaryň hemme uşakly-irileriniň gowulandyrylyp ugrukdyrylmasyna, arassalygynyň saklanylyp, kämil, göze ýakymly görnüşe getirilmegine jan edip janykmasy, töweregiň, dünýäniň ýeterlik kämilleşmedik ýagdaýlaryna, durmuşda ýene nämeleriň boljaklygyna göz ýetirip bilmezligi olaryň uýgunlaşyp bilmesiniň çäklerini daraldýar. Anankast şahslar diňe işdir tertibi saklamaklyga jany-teni bilen berlen bolup, resmi goýazylygy görkezýärler, ýöne olar bälçiremekden, degişmekden, çeýelikden we çydamlylyk edip saklanyp bilmekden mahrumdyrlar.

Lukman bilen söhbetdeşlikde olaryň berýän jogaplary aşa çintgilenilip uşaklanan görnüşde bolýar, gürrüňlerinde psihologiki goranylyş mehanizmlerinden peýdalanyp zatlarydyr meseleleri aşa ähmiýetlendirmäge hem-de özleriniň pähim-paýhaslylygyny açyp görkezmäge çalyşýarlar. Bozulmanyň geçişiniň nähili boljaklygyny öňünden ýorup aýtmaklyk başartmaýar, ýöne alamatlaryň umumy pessaýlamasy bilen bir hátarda obsessiw-kompulsiw hem-de howsalaly-gorkuly bozulmanyň döreme ähtimallygynyň barlygyny aýdyp bolar.

*Kesel kesgidi.* Şahsyň anankast bozulmasynyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaýyň şu görkezilen alamatlaryň bolmanda dördüsine gabat gelmegi zerurdyr: 1) birsyhly ikirjeňlenmeler we çendenaşa seresaplylygyň görkezilmegi; 2) uşak-düşek zatlar, tertip-düzgünler, sanawlar, guramaçylyk we meýilnamalar barada oý-pikirlere batyp, üznüksiz aladalanyp ýörmek; 3) perfeksionizmiň (gerekli maglumatlary toplap ýörmek), kämilleşdirilişe tarap gönügip, onuň bilen baglylykdaky barlaglaryň gaýta-gaýta geçirilip durulmagy görnüşinde bolup, onuň bolsa ýerine ýetirilmeli gaýry işleriň gijikdirilip amala aşyrylmagyna getirmegi; 4) aşa wyždanlylygyň hem işiň has yhlasly ýerine ýetirilmeginiň görkezil-

megi; 5) önümçiligiň ýokarylygy barada edilýän aladalaryň ýasama bolup, hatda şondan doly boýun gaçyrylma ýetilip, onuň hususy lezzet almaga we gerekli şahsy aragatnaşyklaryň bozulmagyny-da pida edilmegi; 6) aşa uşaklygyň görkezilip, durmuş şertlerinden mümkingadar köp lezzet almaga çalyşmak; 7) özdiýenlilik we keçjallyk görkezilmegi; 8) beýlekileriň öz diýenine boýun bolup, aýdan zatlaryny gylyny gymyldatman ýerine ýetirmegini talap etmegi ýa-da olaryň öz islän zatlaryny etmegine ýol bermezligi.

*Bejergisi.* Ilkinji nobatda psihoanalitik ugrukdyrylan hususy we toparlaýyn psihoterapiýa geçirilmelidir. Şeýle-de, W.Franksyň logoterapiýasyny we kognitiw özüni alyp baryş ýagdaýyna görä uýgunlaşdyryp bilmäniň gazanylma bejergisi hem geçirilse bolar.

**Şahsyň howatyrly (ugruny üýtgediji) bozulmasy.** Bu bozulma belli bir derejede psihopatiýanyň sensitiw görnüşini ýatladyp – hemme wagtda kesel toparlanyşygynda getirilip görkezilmän, kähalatlarda şizoid, käte bolsa asteniklere girizilýär.

*Etiologiýasy.* Bu bozulmanyň döremeginde terbiýäniň ýowuz görnüşde geçirilmegine hem-de howsalaly-gorkuly bozulmalaryň nesil yzarlaýşyna ähmiýet berilýär. Çagany ýaş wagtynda ejesinden aýryp, onda howsalanmadyr gorkularyň döredilmegi keseliň döremegine ýardam edýän ýagdaýlaryň biridir.

*Kliniki keşbi.* Bularyň esasy häsiýeti hut özüne kembaha garap, hemme zady içine salyp, garasöýmez bolup ýörmegidir. Olar durmuşda adamlar bilen mylaýymdan hoşamaý aragatnaşyk saklamaga mätäç bolup, ony gazanmak üçin olara töwerekdäkiler tarapyndan aslynda oňarylyp bilinmejek gowudan, hiç bir halatda ýazgarylmaýan hoşamaýdan üýtgeşik görnüşli gatnaşyklaryň edilmegi gerek bolýar. Töwerekdäkileriň özlerini sähelçe üýtgetmeklerine olar özlerini kemsidilip mertebesi depelenilýän ýaly görnüşde düşünýärler. Şonuň esasynda-da olarda döreýän gorky özüni özboluşly üýtgeşik görnüşde alyp barmagyna getirýär: adamlar bilen gürleşip habarlaşanlarynda ýygrylşyp gowuşgunsyzlygy, özüni alyp barşynyň birsyhly tebigy dälligini, özlerine ynamlarynyň bolmazlygyny, aşa kiçigöwünliligi hem utanjaňlygy görkezýärler. Töweregindäkilere ýaranjak bolup ýa-da olardan ejap edip ökjäni göterip, gaçyp ýitirim bolýarlar. Töweregindäkileriň özlerinden ýüz öwürýänligine olaryň ýeterlik ynamlary bolup, onuň esasynda-da öz ýanyndan olardan gaça durýanlygynyň dogrulygyny ynamly tassyklaýarlar.

Näsaglar özüne bolan garaýyşlarydyr gatnaşyklary ýoýup gyşardýarlar-da, şonuň ýaramazlygyny bolşundan hem beter ulaldyp çişirýärler. Olaryň öz janlaryny hemişe howp astynda duýup, gorka gaplanyp gezmegi durmuşda edilmeli işlerinidir hereketlerini çäklendirýär. Olar üçin köpçülikde gürlemek ýa-da kimedir birine ýüzlenmegem çetin bolýar. Adamlar bilen dostlukly hem ynamly aragatnaşyklar olarda düýbünden bolmaýar.

Lukman bilen gürleşende dartgynlanyp, başdaky düwdek bolup oturmasy onuň özüniň halasgäre näderejede ýaranlygyna bagly bolup, ol hem soňraky söhbet-

deşligiň dowam etdirilmeginiň hiline täsir edýär. Şunuň esasynda-da, gowy görünme, beýlekileriň muny adam saýmasy barada gürrüňem edilmän, özi barada gybat edilme, şyltak atylyp ýaramaz gürrüňleriň edilmegi, ýaňsa alynmagy baradaky gorkyny edýänligi barada aýdylsa ýerine düşüp, has dogry bolar.

Bozulmanyň geçişi näsagyň durmuşda nähili orny tutýanlygyna bagly bolýar. Näsaga hemmetaraplaýyn göwnünden turýan ýanýoldaş duşup, oňat maşgalaly bolsa, ol onuň bilen sazlaşykly hem durnukly aragatnaşygy edip, özüni durşy bilen maşgala aladalaryna bagyşlaýar. Durmuşdaky goldaw berilmesinden dyndarylanda bolsa, şol ýagdaý näsagda tolgunmaly-depressiw disforiki ýagdaýyň döremegine getirip biler.

*Kesel kesgidi.* Şahsyň howatyrly bozulmasynyň kesgidini goýmak üçin näsagyň ýagdaýy aşakda görkezilen alamatlaryň bolmanda dördüsine gabat gelmelidir: 1) durnukly basmarlap gaplan dartgynlygynyň hem ynjalyksyzlandyrýan aladanyň duýulmagy; 2) başgalara garanyňda özüniň emelsiz, tagaşyksyz ýa-da kembahalygyna güýçli ynamynyň barlygyna; 3) durmuşda tankyt edilmä, özüniň adaty adam şekilli saýylmazlygyna ynjalyksyzlanma bilen aladalanmagy; 4) özüniň halanylmagyna ýeterlik ynamy bolmasa, adamlar bilen aragatnaşyk saklamazlygy; 5) öz janyndan gorkup durmuşda edilmeli işleriňdir hereketleriň çäklendirilmegi; 6) käri boýunça hem sosial ýagdaýlara degişli işlerden, adamlar bilen edilmeli aragatnaşyklardan, olaryň muny kötekläp tankyt etmelerinden, ýazgarmalaryndan, ýüz öwürmeklerinden gorkup gaça durmagy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Durmuşda işdir gaýry hereketleri etmekden boýun towlap, gaça durmak şizoidli hem howsalaly görnüşiň ikisine-de häsiýetlidir, ýöne şonda şizoidli näsaga ýeke galma islegi bilen gahar-gazaba gelip paýyş sögünme häsiýetlidir, howsalala bolsa gürleşmä islegdir-höwesiň bolmazlygy, özüne ynamsyzlygy we gorkyny duýmagy häsiýetlidir. Keseliň kliniki suratlanylyşy howsalaly hem garaşlylykly görnüşleriň ikisinde-de gaty meňzeş bolup, howsalaly görnüşde gürleşip bilmä döredýän çetinlik adamlar bilen aragatnaşyk saklamadan çekinilip gorkma bilen ýüze çykarylýan bolsa, garaşlylykdaky – aýrylyşmadan gorkma bilen häsiýetlenýär. Şahsyň howsalaly görnüşini howsalaly bozulmanyň spektrinden (görnüşlisinden) tapawutlandyrmak uçursyz kyn bolup, şol araçäkliräk görnüşlisini affektiw bozulmasynyň spektrinden tapwutlandyrylyşy ýaly diýseň çetin bolýar.

*Bejergisi.* Munuň saýlanyp alnan usuly integrirleşdirilen (ýakynlaşdyrylyp birleşdirme) nusgasy bolup, psihodinamiki hem kognitiw – özüňi alyp baryş usullaryny öz içine alýan indiwiduallaşdyrylan (hususylaşdyrylan) maksatnamadyr. Munda özara gürleşibilme endikleri döretmäge bolan meýilnama öz edim-gylymlaryna ynam döredip berkidýän türgenleşik işleriniň geçirilmegi gowy netijeleriň gazanylmagyna getirýär.

**Şahsyň garaşlylykly bozulmasy.** *Etiologiýasy.* Aýallarda köp, erkeklerde az duşýar-da, köplenç halatda çagalarda has äşgär bildirýär. Kesele getirýän sebäpler

çagalyk ýaşyndaky dowamly somatiki keseller, çaganyň howuny basýan tankyt etme usuly bilen terbiýe berliş, Freýdiň taglymatyna görä, psihoseksual ösüş şol oral tapgyryndaky ýalylygyna galýar.

*Kliniki keşbi.* Keseliň iň özenli alamatlarynyň biri özüňe ynamyň bolmazlygy, öz mertebäňi peseldip oňa kembaha garamakdyr. Näsaglaryň göwnüçökgünlikde jynsy gatnaşykdan we hyjuwlanma görkezmekden gorkmagydyr. Nämedir bir zada ýolbaşçylyk etme zerurlygy dörände munda äşgär bildirýän howsala peýda bolup, şol sebäpli-de olar jogapkärçilikli işlerden gaça duragan bolýarlar. Birmeňzeş meseleleriň çözülmegi özbaşdak ýa-da kimdir başga biriniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýanlygyna baglylykda kä muşakgatly, käte bolsa ýeňil görünýär. Beýleki adamlar gowy maslahatlary berip göwnüni götermeseler, gündeki döräp durýan meseleleriň köpüsini özbaşdak çözüp hem bilmeýärler.

*Kesel kesgidi.* Şahsyň garaşlylykly bozulmasynyň kesgidiniň goýulmagy üçin näsagyň ýagdaýy aşakdaky häsiýetleriň bolmanynda dördüsine gabat gelmegi zerurdyr: 1) öz durmuşyndaky çözülmeli wajyp meseleleri batlylyk ýa-da pessaýlyk bilen başga biriniň üstüne atmagy; 2) özüniň garaşly bolan adamlarynyň peýdasyna öz isleg-talaplaryndan geçip, şolaryň islegidir-talaplaryna ýoýulan görnüşde boýun bolmagy; 3) özüniň garaşly bolan adamlaryna hatda ýerlikli, akylly-başly talaplary ýeterlik derejede etmäge taýyn dälligi, oňa bognunyň ysmazlygy; 4) özbaşdak ýaşama ukybynyň bolmazlygy, ondan ýaýdanyp gorkmasy zerarly ýekelikde galanda özüni oňaýsyz duýmagy; 5) beýleki adamlaryň özünden ýüz öwrüp ýekelikde galdyraýmagyndan heder edip, wagtynyň köpusini ýaýdançly alada-ünjide geçirmegi; 6) töwerekdäkileriň maslahat bermän makullamazlygynda döreýän gündelik meseleleri çözüp bilmeklige bolan ukybynyň çäklendirilmegi.

*Bejergisi.* Bejerilişe çemeleşilme usuly howsalaly görnüşliniňkä meňzeş bolup, esasy mesele özüne bolan ynamyň artdyrylyp, durmuşda mynasyp orny eýelemeginden ybaratdyr. Utgaşyp geçýän howsalaly sustupeslik ýüze çykanda oňa gabat gelýän psihofarmakoterapiýanyň geçirilmegi maslahat berilýär.

**Beýni zeperlenmesi ýa-da keseli bilen baglanyşykly bolmadyk şahsyň dowamly özgermesi.** Bu topar uzaga çekýän ýiti stresleriň netijesinde ýa-da şahsy bozulmalaryň bolup geçmedik agyr psihiki kesellerinden soň akly goýalan, özüni asylly alyp barýan salykatly adamlarda döreýän bozulmalary öz içine alýar. Bu kesgit, haçan-da görnükli we uzaga çekýän şahsy kabul edilmesi özgerip, töweregindäki bolup geçýän zatlarydyr wakalary hem-de özlerini boluşlary ýaly bahalandyryp bilmände, olara bolan garaýşy özgerip ýoýulanda goýulýar. Şahsyň özgermeleri aýdyň bildirip ýüze çykýan bolup, edim-gylymlaryň, özüni alyp barşynyň şu ýagdaýyň döremeginden ozal bolman, soň dörän durnukly ýoýulmasy bilen baglanyşykly bolmalydyr. Şahsyň dowamly özgermesine diňe haçan-da özgermeler hemişelik häsiýetli bolup, näsagyň durmuşynyň adatylygyny bozanda hem etiologi-

ki taýdan ekzistensial – ekstremal (pajygaly durmuşy) başdan geçirmeleriň çuňňur yzygiderliligi goýulmalydyr.

**Heläkçilik (ekstremal ýagdaýlar) başdan geçirilenden soňra döreýän şahsyň dowamly özgermeleri.** *Etiologiýasy.* Şahsyň dowamly özgermesi başdan geçirilen heläkçiligiň getiren stresinden soň hem döräp biler. Stres şeýle bir agyr görnüşde bolup, onuň şahsa çuňňur täsir etmesini adamyň näzikden çydamsyzlygy, ýaramaz şertleriň garşysyna durup bilmeýänligi bilen baglanyşdyrylyp düşündirilmäniň hajaty bolmaýar.

*Kliniki keşbi.* Adamlaryň arasynda, durmuşda we işde uýgunlaşyp bilmekligiň durnukly bozulmasy ýüze çykýar. Şahsyň özgermeleri äşgär bildirme bilen häsiýetlenip, çeýeligiň ýitirilmegi bilen gataňsylanyp, özünde geçip duran wakalardyr ýagdaýa bap gelmeýän görnüşde alyp barmak bilen şol agyr ýagdaýa düşülmezinden ozal bolmadyk töwerekdäkilere duşmançylykly göz bilen garap ynanmazlygyň görkezilmegi bilen häsiýetlenýär. Olar bile ýaşaýan ýakyn hossarlaryndan özge adamlar bilen aragatnaşyk saklamakdan gaça durýarlar. Olarda içiniň boşlugy ýa-da umytsyz çykgynsyzlyk, durnukly ynjyklyk ýa-da belli bir sebäbiň ýoklugynda howp salynma gorkusyny etme ýaly duýgular döräp, ol hüşgärligiň ýokarlanmagy hem ynjyklyk bilen ýüze çykarylýar. Dowamly içki dartgynlykly ýagdaý hem-de howp abanmany duýma psihoaktiw maddalaryň ulanylmasy bilen utgaşyp biler. Hut özüniň özgerenligini ýa-da başgalar bilen deňeşdirende özüniň başga hililiginiň duýulmagy hem olarda seýrek zat däl. Şeýle ýagdaý iki ýyldan az dowam etmeýär.

*Bejergisi.* Psihoterapewtiki usullar bilen geçirilip, olardan has täsirlileri geştalt-terapiýa, psihodrama usuly we F.Franklyň logoterapiýasy hasaplanylýar.

**Psihiki keselden soň döreýän şahsyň dowamly özgermesi.** *Etiologiýasy.* Ilkinji nobatda, munuň döremegine sebäp bolýan zat – başdan geçirilen agyr görnüşli psihiki keseldir. Onuň hut başdan geçirilen keseliniň netijeliligi hemme wagt aýdyň bolmaýar.

*Kliniki keşbi.* Agyr psihiki kesel başdan geçirilenden soň döreýän şahsyň dowamly özgermesi gaýtalanyp durmanyň netijesinde töwerekdäki zatlara uýgunlaşyp bilme bilen şol ýagdaýda işläp bilmekligiň kynlaşmagyna, adamlar bilen aragatnaşyk saklamanyň, durmuş şertlerine we işe uýgunlaşmanyň peselmegine sebäp bolýar we sustupeslige getirýär. Emosional – stres hem «Men»-iň hususy şekilini berbatlaýan ýalylygy başdan geçirme bilen häsiýetlenýän şahsyň özgermesi psihiki keselden gutulyp sagalandan soň döreýär. Özgelerden uçursyz güýçli garaşlylygyň duýulmasy we beýlekilere talapgöýlikli garama keseliň beýlekiler bilen aragatnaşyklar gurnap çuňňur ysnyşmaga päsgel berýän düzedilip bolunmajak yz galdyryp gidenligi baradaky ynamyň döremegi ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar.

Köplenç halatda keýpiň ýaramazlaşmagyna, hereketiň haýallamagyna, zatlara gyzygyň gaçanlygyna şikaýat edilýär. Şahsyň özgermeleri bolmanda iki ýyldan az

dowam etmän başga bir gaýry psihiki keseliň ýa-da beýniniň organiki keseliniň alamatlaryny gaýtalamaly däldir.

*Bejergisi.* Durmuşy – zähmet ukyplaryň dikeldilmesiniň, şahsy hem toparlaýyn psihoterapiýanyň geçirilmegi maslahat berilýär.

**Endikleriň we küýsegleriň bozulmasy.** Akyl-huşuny durşy bilen gaplap alyp ugruna goýman, töwerekde bolup geçýän hadysalardyr ýagdaýlara, şeýle-de islegdir gyzyklanmalaryň bap gelmeýän gelşiksiz zatlary etmäge itergilenmegiň döremegi bilen häsiýetlenýär. Küýseglerine gözegçilik edip, olary degişli hem dogry tarapa ugrukdyryp bilmezligi kompulsiw (duýdansyz) hem zoraýakly görnüşlerde geçirilme häsiýetine eýe bolýar. Şol ýerliksiz islegdir ymtylmalar berjaý edilenden soňra bolsa, başdaky dörän dartgynlylyk gowşaşyp peselýär.

Şu bölümiň aşakda görkezilen bozulmalaryndan daşary, küýsegiň gaýry bozulmalary hem bolup, olar şu toparlanyşykda görkezilmeýär, ýöne olara kliniki psihiatriýada duş gelinýär.

**Dipsomaniýa** – meýli içgileri agdyk ulanma bolan öňünde çydap saklanyp bolmajak küýseginiň aram-aram döräp durmagy we şeýle tutgaýlaryň aralyklarynda meýli içgileri içmä bolan küýsegiň döremeýänligidir. Dipsomaniýanyň dowamly arakhorlarda döreýän içgä ýykgyn etmeklik ýaly ýalan görnüşlisinden tapawutlandyrmak zerurdyr. Içgä ýan bermekligiň döremegi meýli içgileriň içilmeginiň yzy kesilmän birsyhly dowam etdirilmeginde ýüze çykýar. Serhoşlukdan arakesmeleriň edilmegi daşarky ýagdaýlara bagly bolup, meýli içgileri içmä bolan küýsegiň düýpgöter aýrylmagy bilen häsiýetlenmeýär.

**Dromomaniýa** – öňünde çydap durup bolmajak ýaşaýan, bolýan ýeriniň üýtgedilmegine, ykmandalyga ýüz urma bolan küýsegiň döremegidir. Näsag edýän hereketleriniň nirä baryp ýetjekdigini, nähili ýagdaýlara sataşjakdygyny hasaba almazdan işinidir maşgalasyny taşlap nirädir bir ýerlere, başyny alyp, ýola rowana bolýar.

**Suisidomaniýa** – esaslandyrylman, näbelli sebäplere görä, öz janyna kast etmä gönükdirilen hereketleriň edilmegidir. Şeýle ýagdaýlarda şol işe itergileýän başky sebäpleriň ne içki, ne-de daşky delilenildirilmeleri bolýar. Şonuň ýaly bozulmanyň aýdyň ýüze çykyp bildirýän psihiki kesellerden (MDP-den, şizofreniýadan, isteriýadan) tapawutlandyrylmagam zerurdyr.

**Gomisidomaniýa** – ol psihologiki taýdan şertlendirilmedik ýagdaý bolup, adamlary öldürmä bolan öňünde saklanyp bolmajak küýsegiň döremegidir.

**Şowhun humarly oýunlara bolan sagdyn däl keselbentlikli ýykgynlyk (lýudomaniýa).** *Epidemiologiýasy.* Senagaty ösen ýurtlarda keseliň ýaýraňlygy ilatyň takmynan, 2-3%-ne barabar bolup, gyzyklandyrýan humarly oýunlara gatnaşýan iki jynsyň hem wekilleriniň sanynyň deň derejeliligine garamazdan, keselleýänleriň arasynda erkek kişileriň sany hemişe agdyklyk edýär. Bozulmanyň ata-enesi arakhor bolanlarynda hem has ýygy duşýanlygy bellenilýär.

*Etiologiýasy.* Bozulmanyň takyk sebäpleri entek näbellem bolsa, şoňa getirýän sebäpleriň 15 ýaşa ýetilmezinden öň ene-atanyň ýogalmagy ýa-da nika bozulyp aýrylyşma sebäpli hossarlaryň birinden dynylmagy, olaryň çagany maksada laýyk dogry terbiýelemezligi (çagaňa biparh garamak, terbiýe berileninde belli bir yzygiderli tertipleriňdir kadanyň saklanylmazlygy, çendenaşa ýowuzlygyňdyr – hyýrsyzlygyň görkezilmegi), maşgalada pula bolmalysy ýaly dogry baha berlip garalman (şonuň adatdan daşary bir gudratly zada öwrülmegi) ýa-da harçlanmagynyň maşgalanyň zerur bolan derkarlygyna sowlup, maksada laýyk dogry ugrukdyrylmazlygy ýetginjeklerde gyzgalaňly bolan humarly oýunlara gatnaşmaga ýagdaýlaryňdyr mümkinçilikleriň döredilmegi hem hyzmat edip biler.

Ýörite barlaglary geçirenleriň birnäçesiniň pikirine görä şowhun, humarly oýunlar dürli affektiw bozulmalarda ýüze çykýan depressiýany ýumşadyp antidepressant ýaly täsir edýänligi hem bellenilýär.

*Kliniki keşbi.* Bozulma gyzyklandyrýan humarly oýunlar bilen meşgullanma itergiläp, şolara ýygjam gatnaşylmagy bilen häsiýetlenip, kärine bolan ukybynyň peselmegine, maddy-durmuş ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna hem maşgala gymmatlyklarynyň ýitirilmegine sezewar edýär. Munuň iň bir häsiýetli tarapy indiki oýunlarda utma umydyna hemişe bil baglanylyp, ozalky utylanlaryndan ýerlikli sapak alyp akylly-başly netijeleriň çykarylmazlygydyr. Utulanda oýny bes edip taşlamak, utan wagtyndakydan hemişe-de kyn bolýar. Şol oýunlara degişlilikde özüni şeýle göçgünli ýagdaýda alyp barmagynyň sebäbi her wagt utýan pulunyň keýpini çaglap galkyndyrmagyndan daşary, özüni alyp barşyna utuga goýlan pulunyň möçberi bilen oýnuň nähili tamamlanjagy, belki birden utaýsam diýlen umyda bil baglanýan pikiriň ugruna goýmazlygy hem höwesdir-islegine bat berip, şoňa itergilenmegini güýçlendirýär. Şu ýerde puluň ähmiýetiniň uly bolman, oýunçy oýundan saklanyp bilmän, näçe utduranlygyna hem üns bermän, oýna durky bilen berlip, ony hatda utulanyna garamazdan dowam etdirmegi wajyp orna eýedir.

Gyzyklandyrýan humarly oýunlara gatnaşmak islegi sosial stresler dörändede ýokarlanyp, şondan soňra döreýän kynçylyklar şol ýaramaz gylygyň üstüni dolduryp, onuň jümmüşine durkuň bilen girmeklige getirýär. Fiziologiki taýdan ähmiýetli bolan uky, naharlanma we jynsy gatnaşyk işi bilen meşgullanma ýaly adamyň güýç-gurbatyny artdyryp, keýpini göterip galkyndyrýan zatlara gyzygyň gaçyp, olara hakyky bolmalysy ýaly ähmiýet berilmeýär. Özüni şeýle alyp barşynyň sagdyn dälligine gözi ýetip düşünýän näsaglar humarly oýunlara gyzygyp, şoňa başy bilen gidenligini töweregindäkilerden ýaşyrmaga çalyşýarlar.

Täze dörän ýagdaýa uýgunlaşyp bilmezligi gitdigiçe agralyp, puluň ýetmezligi, bergileriň köpelip artmagy, oýna gatnaşmak hem bergileri üzmek üçin pul tapmak maksady bilen jenaýatlara ýüz urulmagy, maşgalada dawalaryň turup oňuşmazlygyň döremegi, işde ussatlygyňdyr başarjaňlygyn ýitirilip, öndürijiligiň peselmesi ýaly ýagdaýlar bilen ýüze çykýar. Munuň getirýän ýagdaýlarynyň has

agyrlary jenaýatkärleriň arasyna siňip, olaryň hatarynda ymykly ornaşylmagyndan, öz janyna kast etmä bolan pikirdir-hyýallara gelinmeginden ybaratdyr. Şeýle näsaglaryň özlerini alyp baryşlarynda ynamynyň ýetikligini, hiç kime garaşly däldigini, hereketleriniň merdanadan ynamlydygyny, az-owlak hem bolsa dereklidigini görkezip, puly, aýratyn-da stresli döwründe has kän sowurma häsiýeti bilen tapawutlanýarlar. Olar harajatlyk puluny tygşytlama, zerur gerekli zada sowma arkaly toplap, gor ýasanma barada alada etmän, karz alyp, soňam ony üzmek üçin bikanun ýollaryň üsti bilen pul gazanmaga synanyşýarlar.

Erkeklerde kesel ýetginjeklik döwründe, aýallarda bolsa durmuşynyň ikinji ýarymynda ýa-da ýaşy bir çene baransoň hem başlanýar. Adaty ýagdaýlarda bozulma näsag uly utuşy gazananda başlanýar. Humarly oýunlara ymtylma tabyn bolunma barha artyp güýçlendigiçe näsagyň ýaşaýşy özgerdilip, durmuşa uýgunlaşyp bilmesini peseldýär, oýna bolan psihologiki endiklerini küteldýär (edýän göçümleri oýlanylmadyk hasap-hesipsiz bolup, üstesine-de köp sanly gaýry töwekgellikler goýberýär). Şularyň soňkusy olaryň uýgunlaşyp bilmesiniň bozulmasynyň esasy sebäbi bolýar, çünki umumy ýöredilýän pikirden tapawutlylykda keselbent oýunçylar oýunda ýeterlik derejedäki ýokary ussatlygy görkezip bilmeýänlerden bolup, utulýanlygyna haýpy gelip gaýga batýar-da keýpi peselýär. Olar hassahana girme sebäpli humarly oýunlary oýnamasyny goýup ony birden taşlaýsalar, şol ýagdaý bulary aljyraňňylyga salyp gowşadýar-da, somatiki kesellemä getirip howsalaly – depressiýa sindromynyň döremegine sebäp bolup biler.

*Kesel kesgidi.* Gyzykdyrýan humarly oýunlara sagdyn bolmadyk ýykgynlygyň kesgidiniň goýulmagy üçin näsagyň ýagdaýy aşakda görkezilen alamatlara bap gelmelidir: 1) humarly oýunlaryň (iki ýa-da birnäçe gezeginiň) bir ýylyň dowamynda gaýtalanyp durmasy; 2) şeýle epizodlar maddy bähbidiň bolmazlygyna, öz süňňüňe agramdyr azar salnylyp ejir çekdirilmegine, işe we durmuşa uýgunlaşyp bilme ukybynyň bozulmasyna garamazdan, erjellik bilen gaýtalanylyp dowam etdirilýär; 3) oýna güýçli çekilip, ony erk-ygtyýaryna buýrup taşlap bilmezligi; 4) pikir-hyýalyny hemişe gyzyklandyrýan humarly oýna we şonuň bilen baglanyşykly bolan zatlara dikmekligi.

*Bejergisi.* Käbir halatlarda hassahana ýerleşdirilip (şonda birnäçe aýyň dowamynda saklanylyp) öwrendikli endiginden dyndarylyp, oňa gatnaşýan ýaranlaryndan arasynyň açylmagyny gazanmak, seýle-de psihoterapiýanyň dürli görüşlerindenem peýdalanylýar: psihoanalitiki, neýrolingwistiki, transakt analizi. Aýdyň ýüze çykyp bildirýän affektiw bozulmalar antidepressantlaryň, karbamazepiniň, litiýniň ulanylmagyna esas bolup biler.

**Piromaniýa** – töwerekdäki haýsy hem bolsa bir zatlary ýakmaklyga bolan patologiki küýseg.

*Etiologiýasy.* Piromaniýany döredýän gönümel sebäp häzirlikçe belli däl. Barlagçylaryň käbirleri piromaniýany sagdyn bolmadyk hökmürowanlyga, dur-

muşda uly ornadyr ada eýe bolma küýsegiň döremegi diýip hasaplaýarlar. Munuň döremegine ýüze çykarylyp bildirilmeýän gizlin görnüşdäki tutuş jemgyýetde hem maşgalaňda özüňi kembaha duýmakdan janyň ýanmagy esasynda ar alyp öjüni çykarma bilen baglanyşykly bolup biler diýen çaklamalardyr pikirlerem bar. Şeýle-de, töwerekdäkilere ýangyny söndürip bilmeklik ukybynyň ýokarylygyny, şonda aýgytly batyrlygyny görkezmeklige bolan islegiň amala aşyrylyp öwünilmegi üçin hem ýangynyň bilkastlaýyn döredilmegi mümkindir diýen çaklamalar bar.

*Kliniki keşbi.* Piromanlar töwereginde bolup geçýän ýangynlaryň hemişe söýer tomaşaçysy bolup, onuň geçişiniň ownukly irili ähli taraplaryny içgin synlap, ünslerini ýangyna berip, şony uly gyzyklanma bilen synlaýarlar. Olar ýangynyň getirýän heläkçiliklerine ýa-ha biparh garaýarlar, ýa-da başgalaryň heläk bolýanlygyna begenýändiklerini bildirýärler. Ýangynyň döredilmegi maddy bähbidi gözlemek, sosial-syýasy pikirleriň bildirilmegi, gaýry jenaýatyň basyrlyp ýaşyrylmagy, aç-açan ar alma ýa-da oýunlykly hereketlerdir özüni alyp barşyny görkezme maksatlary bilen hiç haçanam edilmeýär. Şundanam piromaniýanyň «hiç bir saý-sebäpsiz otlamak» diýen durmuşy atlandyrylyşy gelip çykýar-da, şolam ol ýagdaýyň epidemiologiki hem kesgit üçin bahalandyrylşyny kynlaşdyrýar.

Bozulma näçe giç başlandygyça, şonça-da onuň ýykan-ýumrançylyga getirme howpy artyp, keseliň gowulyk bilen gutarma umydyny azaldýar. Şol näsaglaryň meýli içgileri ulanmaga bat bermeginiň netijesinde, ýangyny döretmä gatnaşyp oňa sebäp bolanlygyny boýun almazlygynyň, jogapkärçiligi öz üstünden aýyrmaga edýän synanyşygyny güýçlendirip barha artdyrýar.

*Kesel kesgidi.* Piromaniýanyň kesgidiniň goýulmagy üçin näsagyň ýagdaýy aşakda görkezilenlere bap gelmelidir: 1) sebäplendirilmedik ýangynlaryň azyndan ikisiniň döredilmegine; 2) içinde döreýän dartgynlygyň ýeňleşip ýangyny döredensoň aýrylmagyna, ony döretmä bolan isleginiň güýçlendirilmegine getirmegine; 3) pikirinde ýangyn döretmä we şonuň getirýän pajygaly ýagdaýlary baradaky pikir-hyýallaryň beýnisinde berk ornaşyp birsyhly aýlanyp durmagyna, şonuň has bekemegine.

*Bejergisi.* Näsagy hassahana mejbury ýagdaýda ýerleşdirme onuň özüni sagdyn bolmadyk görnüşde alyp barmagynyň öňüniň alynmagynyň ýeke-täk usulydyr. Hassahanada olaryň özlerini maksadalaýyk alyp barmagyna gönükdirilen bejergilerden üstünlikli peýdalanylýar.

**Kleptomaniýa** – bu ogurlyk etmeklige bolan patologiki küýseg.

*Etiologiýasy.* Küýsegiň bozulmalarynyň ähi görnüşlilerindäki ýaly, munda-da onuň beýni işiniň bozulmalary hem akyl ösüşiniň haýalladylmasydyr togtadylmasy bilen baglanyşykly hasaplanýar. Mundan başga-da, gaýry psihiki keseller – newrozlar, depressiýa, nerw anoreksiýasy (iýmite bolan islegiň ýitmesi), bulimiýa (iýmite bolan islegiň güýçlenmesi) we aýal piromaniýasy bilen baglanyşyklydygam bellenilýär.

Munda psihososial ýagdaýlaryň tutýan orny hem uludyr: adatça, näsaglaryň şahsara aragatnaşyklary bozulyp, ogurlyga itergilenilmesi sosial stresler döränd güýçlenýär. Onuň geçen durmuşy yzarlanyp, şoňa ser salnyp görlende oňa ata-enäniň terbiýe bermekde goýberen nogsanlyklarynyň üsti açylýar.

*Kliniki keşbi.* Bozulmanyň esasy bolup özenli alamatlarynyň adatda gymmatlygy şeýle bir ýokary bolmadyk, öz şahsy durmuşynda-da peýdalanma derkarlygynyň ýoklugy ýaly zatlaryň ogurlanylmagy bilen häsiýetlenýär. Ogurlyk etmekligiň maksady ondan peýda görüljek bolnup edilmesi däl-de, şonuň iş ýüzünde amala aşyrylyşy, hötdesinden gelinmesi bolýar. Şondan hem olar lezzet alýarlar. Adatça, hälki ogurlanan zatlar ýa-ha bir ýerlerde bukulyp ýaşyrylyp goýulýar, ýa-da kimdir birine keýpine berlip goýberilýär, ýa-da bolmasa öňki alnan ýerine eltilip goýulýar. Adatça, kleptomanlaryň ogurlan zatlary ýaly harydy satyn almaga ýeterlik pullary hemişe-de ýanlarynda bolýar. Ogurlyk şoňa bolan duýdansyz küýsegiň ur-tut birden döremegi bilen edilip, şol hem deslapdan ölçerip-dökülip taýýarlanyp goýulmaýar-da, ýanlaryna başga bir jenaýatçyny alyp, ogurlygy şonuň bilen hiç haçanam şärikli görnüşde etmeýärler.

**Trihotillomaniýa** – bu saçyňy ütmäge bolan patologiki küýseg.

*Etiologiýasy.* Bozulmanyň akyl-huş ösüşiniň saklanmagy, şizofreniýa, şahsyýetiň aram bozulmak (üýtgemek) ýagdaýlary bilen baglanyşygy bar. Bu patologiýanyň etiopatogenezi köp şertli hasaplanylýar. Çünki, näsaglaryň adatça, hossarlary bilen gatnaşygy dartgynlydyr. Köplenç ýagdaýlarda bozulmadan öň sosial stresiň geçirilenligi bellenilýär. Belli bir derejede depressiw ýagdaýlar, psihoaktiw maddalary aşa köp ulanmak bozulmanyň döremegine sebäp bolýar.

*Klinikasy.* Bozulmanyň esasy alamaty näsagda wagtal-wagtal gaýtalanýan saç ütmä bolan küýsegiň öňünde durup bilmezlik ýagdaýy hyzmat edýär. Saç ýolmadan öň näsagda dartgynlylyk gidigiçe artýar, ýolandan soň bolsa ynjalyklyk we kanagatlanma tapýar. Näsaglar patologiki häsiýetini adatça, inkär edýärler ýa-da gizleýärler. Esasan, çekge-maňlaý sebitiniň saçlary, seýregräk gaşlar, kirpikler, sakgal, deridäki, goltukdaky, ýamyzdaky gyllar ýolunýar. Gyllaryň ýolunmagy bölek-bölek ýerleriň fokal boşamagynyň dürli görnüşlerine getirýär (adatça, dominant eliň gapma-garşy tarapynda özboluşly kellik döreýär). Saçlar ütüm-ütüm «ada» ýaly görnüşde bolýar. Näsaglyk dowamly geçip, käte gowulaşýar we ýerli sypjyrylmalar, çyzyklar hem duş gelip biler. Köplenç halatda, näsagyň ýagdaýy oňatlaşyp gidýär.

*Kesel kesgidi:* Trihotillomaniýanyň kesgidini goýmak üçin ýagdaý şu kriteriýalara gabat gelmeli:

1. Näsagyň öz erkine basalyk berip bilmän, saç ýolmasyny dowam etdirip, gyllaryň köp bölegini bolmazlygy;

2. Saç ýolmaklyga höwes intensiw bolup, ol saç ýolmadan öň içki dartgynlyk bilen utgaşýar, soň bolsa – ýeňillik, rahatlyk duýýar.

3. Ýagdaýyň ýüze çykmagynda deriniň gaýnaglamasy gallýusinator-paranoid simptomatika bolmaýar.

*Bejerilişi.* Belli bir özüne mahsus bolan bejergisi ýok, stres ýagdaýlar, dürli düşünişmezlikler aýrylsa, umuman, näsagyň meseleleri çözülse ýagdaý gowulaşýar. Antidepressantlary, anksiolitikleri, antigistamin serişdelerini ulanmak hem gowy netijeleri berýär (gidroksizin gidrohloridi). Farmakoterapiýany hususylykda (indiwidual), toparlaýyn we maşgalada geçirilýän gipnoterapiýa bilen utgaşdyrmak mümkin. Ähli bejergi çäreleri näsagda psihoemosional stresi aýyrmaga gönükdirilmelidir.

## 24-nji bap. Kemakyllylyk (oligofreniýa)

Bu bapda etiologiýasy we patogenezi dürli görnüşlerde bolan çagalykdan akylyň ösmän galanlygy bilen häsiýetlenip, kliniki alamatlarynyň birmeňzeşligi esasynda bir topara birleşdirilen psihiki bozulmalara garalyp geçilýär. Şu bozulmalary atlandyrmak üçin hemme halatda manysy boýunça ýagdaýa doly suratda laýyk gelmeýän dürli adalgalardan peýdalanylýar. «Oligofreniýa» adalgasy E.Krepelin (1915) tarapyndan lukmançylyga girizilip, Ýewropa psihiatriýasynda diýseň giňişleýin ulanylýar. Angliýada we ABŞ-da şu bozulmanyň atlandyrylmagy üçin «psihiki ösüşiň togtadylmagy» diýen adalgadan peýdalanylýar. Häzirki wagtda «akyly ösmän galanlar» diýlip MKB-GO-yň (KHK-keselleriň toparlanyşy) kabul eden adalgasyndan peýdalanylýar.

**Dogabitdi kemakyllylyk (oligofreniýa)** – progrediýent bolmadyk, tebigaty organiki psihiki bozulmalaryň toparyna girip, esasan, akylyň ýetmezçiligi psihiki ösüşden galmaklyk bilen häsiýetlenip ýüze çykýan bozulmadyr. Şolam pikirlenişiň esasy prosesleriniň doly kemala gelmesinden öň bolup (dogulmazyndan ozal ýa-da üç ýaşa ýetmänkä) täsir eden zyýanly sebäpleriň netijesinde döreýän bozulmadyr.

Akylyň ösmän galanlygyna şizofreniýa we garaguşagyry, şeýle-de agyr organiki zeperlenmeleriň (şikeslenmeleriň, infeksiýalaryň, zäherlenmeleriň has ulurak ýaşlylarda – üç ýaşdan geçenlerde) netijesinde, akyl işine gönükdirilen esasy komponentler ýeterlik derejede kemala gelenden soňra dörän akyl bozulmalary girizilmeýär.

*Epidemiologiýasy.* Akylyň ösmän galmagynyň ortaça hasapdan getirilip görkezilýäni 1%-e deňdir. Olaryň arasynda erkekleriň sany 1,5 ýa 2 esse artykdyr. Bozulmanyň ýeňil görnüşlisiniň sany bolsa her bir müň adamdan 3-4 sanysydyr. Akylyň ösmän galanlygy bilen keselleýänleriň her bir ýüzüsiniň içinde 85%-i ýeňil, 10-sy aramlyrak we biri bozulmanyň çuňňurdan has çökder görnüşlisi bolýar. Akylyň ösmän galanlygynyň aramlygrak hem agyr görnüşlileri jemgyýetiň dürli

gatlaklarynda deňeçerräk sanlarda bolup, munuň ýeňil görnüşleri bolsa durmuş taýdan ýetmezçilik çekýän maşgalalarda has ýygy duş gelýär.

*Etiologiýasy.* Bozulma ösüşiň irki tapgyrlarynda (3 ýaşdan ozal) MNU-nyň dürli disfunksiýalarynyň (işiniň bozulmasynyň) netijesinde bolup, şolary döredýän sebäpler hem dürli görnüşde bolýar. Köplenç halatda, çaganyň dogulmazyndan ozal oňa täsir edýän zyýan ýetirijilerden gaýry, mahsus etiologiki (gönümel täsir edýän) ýagdaýlar näbelliligine galýar. Bu ýagdaý esasan, akyl ösüşinden galanlygyň has giňişleýin ýaýrap, adatça, mekdep ýaşyna ýetilmezinden ozal kesgidi goýlup üsti açylmadyk ýeňil görnüşlisine degişlidir.

Akyl kemisliginiň we sosial durmuşda özüňe mynasyp ornuň tapylmazlygynyň ilkinji nobatda poligen (genleriň toplumynyň täsir etmegi) mehanizmiň täsir etmeginde döreýär diýen çaklama hem bar. Ösüş prosesinde aýgytlaýjy orun durmuşy we situatiw döreýän dürli ýagdaýlardyr wakalar ýaly (kesel dörедijiler) oýnaýar: garyplyk, interkurrent-esasy keseli agraldýan goşmaça kesel ýaly bolan somatiki keseller, lukmançylyk kömeginiň berlişiniň kemterligi, pedagogiki taýdan yza galdyrylmak, psihososial depressiýasy – durmuşda zerur bolan zatlardan mahrum edilmek we ş.m. Şularyň bary akylyň ösmän galanlygynyň ýeňil görnüşlisiniň nesilden-nesile geçirilmegine-de ýardam edip biler.

Bozulmalaryň ählisiniň dörtden birinde etiologiki ýagdaýlary seljerip bolýar we olar akylyň ösüşden galanlygynyň aram hem agyr görnüşleriniň 60-80%-e barabar bolup, irki çagalyk döwründe üsti açylýar. Munuň 90%-de bolsa aýgytlaýjy orny çaga dogulmazyndan ozal täsir edip, genetiki we gaýry kemislikler (dogrulandan soňkular goşulmanda) bilen baglanyşykly bolan etiologiki ýagdaýlaryň täsir etmeginde döreýän nerw ulgamynyň ösüş prosesindäki bozulmasy oýnaýar. Muňa çaganyň dogulmazyndan ozalky, dogulýan wagtyndaky we dogulmagyndan soňky fiziki şikeslenmeler, dominant defisitli (agdyk kemçilikli) genleriň geçirilmegi, metabolizmiň resessiw (daşlaşdyrylan) kemçilikli, embrional hromosom aberrasiýalaryň, ejesiniň başyndan geçiren ýokanç, wirus we gaýry (anemiýa, emfizema, gipertoniýa we ş.m.) keselleri, rezus-konflikt, doglanyndan soňra geçirilen ýokanç keseller, zäherlenmeler, şöhlä tutulmalar we alimentar kemçiligi ýaly zatlaram girizilýär. Kesel döredijilik ýagdaýy wagtyndan öň dogurmak ýaly ekstremal (çaganyň göwrede 28 hepdeden az wagt göterilip gezilmegi, çaganyň doglan badyna agramynyň 1500 gr-dan az bolmagy) ýagdaýlar hem oýnap biler. Soňky wagtlar perinatal (28 hepdelik göwreliligiň soňky günleri bilen çaga doglanyndan soňky 7 gün aralygy öz içine alýan) döwre, esasan, çaga 7 ýaşansoň aýrylyp gidýän ösüşiň wagtlaýyn haýalladylmagy hem-de motorikasynyň (hereketlenmeleriniň) bozulmalary bilen baglanyşykly bolan gipoksiýa uly ähmiýet berilýär. Akylyň ösmän galmagyny toparlandyrmak üçin dürli delilleri ulanyp bolar. GDA-nyň kliniki psihiatriýasynda zyýan ýetiriji ýagdaýynyň täsir edişiniň wagtyna, etiologiýasyna we patogenetiki mehanizmlerine baglylykda oligofreniýany bölüşdirýän toparlanma kabul edilip,

ulanylmaga girizildi. Bu babatda akylyň ösmän saklanmagynyň görnüşleriniň etiologiýasy we patogenezi boýunça kesgitlenilýän G.Ýe. Suharewanyň (1965) teklip eden toparlandyrylyşy seredilip tassyklanyldy.

Endogen we genetiki – hromosom aberrasiýalar (Daunyň keseli, Martin-Belliň sindromy) nesil yzarlaýjy enzimopatiýalar (fenilketonuriýa, gomosistinuriýa, leýsinoz, galaktozemiýa, gargoilizm, Marfanyň sindromy, Leşa-Nihanyň sindromy we başgalar), MNU-yň süňk ulgamy bilen utgaşan zeperlenmeleri (dizostozolar, kserodermiýalar). Embriopatiýalar we fetopatiýalar – (çaga göwredekä bolup geçen infeksiýalaryň getiren netijeleri) gyzylja keseli, dümew, parotit, toksoplazmoz, listerioz, merezýel, göwrelilik döwründe bolup geçen zäherlenmeler (meselem, meýli içgileri içmekden hem derman serişdelerini ulanmakdan), ejede gormonal bozulmalaryň ýüze çykmagy, gemolitiki sarygetirme döredip biler.

Çaga doglandan soňky 7 günüň dowamynda – perinatal hem postnatal döwürde ýetirilen zyýanlar – dogulýan pursadynda ýetirilen şikesler we asfiksiýanyň getiren netijeleri, çagalyk döwürde başdan geçirilen şikesler we ýokanç keseller (ensefalit, meningoensefalit), durmuşyň ilkinji ýyllarynda peýda bolan garaguşagyry bolup biler. Şu toparlanmanyň düzülişiniň gowulygyna garamazdan anyklanmadyk görnüşleriň (akylyň ösmän galanlarynyň ählisiniň 60%-de) ýygjamlygynyň çendenaşa ýokarylygy bilen baglanyşykly döreýän çylşyrymlaşmalara duşulmagy zerarly hem-de birnäçe patogen ýagdaýlaryň birbada utgaşdyrylyp alynmagyna mümkinçilik bolmansoň munuň ulanylmasy diýseň çetin bolýar.

KHT-10-da akylyň ösüşden galmagy akylyň ösmänlik derejesine laýyklykda toparlara bölünýär. Şonda ulanylyp umumy kabul edilen akyl derejesiniň ýeke-täk ölçegi IQ – hasaplanylýar we makullanylýar. Şu koeffisiýentiň hasabynyň çykarylyşy dürli ýaşlylara laýyk gelýän emelliligiň (zehiniň) çintgelip jikme-jik sanynyň getirilip görkezilen Alfred Biniň (1857–1911) işinde esaslandyrylandyr.

Şu hasapdan peýdalanma arkaly çaganyň «psihologiki ýaşynyň» kesgitlenilme mümkinçiligi bar. Akylyň koeffisiýentiniň hasaby asakdaky formula boýunça çykarylýar:

$$IQ = \frac{\text{Psihologiki ýaş}}{\text{Hronologiki ýaş}} \text{ x } 100\%.$$

Şeýlelikde, şu görkeziji çaganyň ösüşiniň yza galyşynyň ýa-da badynyň derejesini açýar. Ulularyň (15 ýaşdan geçenleriň) akyl derejesiniň kesgitlenilmeginde şu formuladan peýdalanylmaýar, çünki soňra akylyň özgerişiniň dinamikasy ýoňsuz derejede üýtgeýär. Şol sebäpli ulularyň IQ-syny kesgitlemekde test batareýalary, meselem, Weksleriň testi ulanylýar.

*Kliniki keşbi.* Däbe girizilip akyl ösüşiniň yza galanlygynyň idiotiýa, imbesillik we debillik görnüşlerine bölünýänliginden tapawutlylykda KHT-10-da akylyň ösüşden galmagy dört derejä bölünýär:

– akylyň ösüşden galanlygynyň ýeňil görnüşlisi – debillik (IQ – 50-69) laýyk gelýär;

– akylyň ösüşden galanlygynyň aramlyk görnüşlisi – imbesillik (IQ– 35-49) laýyk gelýär;

– akylyň ösüşden galanlygynyň agyr görnüşlisi hem imbesillik (IQ – 20-34) laýyk gelýär;

– akylyň ösüşden galanlygynyň çökder görnüşlisi – idiotiýa (IQ – 20-den aşak) laýyk gelýär;

Akylyň ösüşden galanlygynyň ýeňil görnüşlisinde ösüşiň yza galanlygynyň görnetinligine garamazdan mekdep ýaşyna ýetmedik akyl kemisli çaga, köplenç halatda sagdyn deň-duşlaryndan känbir tapawutlanmaýar. Olar beýlekiler bilen gürleşip habarlaşyp bilmäni öwrenmäge ukyply bolup, öz-özlerine hyzmat etmäni hem başarýarlar, sensomotorikasynyň yza galmasy ujypsyzdyr. Akylyň ösüşden galanlygynyň ýeňil görnüşli derejesine takyk-situasion pikirlenme häsiýetli bolýar. Kesgitli bolmadyk sowa düşünjeleri jemläp bilmä bolan ukybynyň görnetin peselenligi şeýle näsaglarda huşuň ýaramaz dälligi, gürläp bilişiniň gowulygy, öýkünmäge bolan ukybynyň ýokarylygy bilen ýylmanylyp düzedilýär. Töwerekdäkileriň edýän hereketlerini gaýtalamagyň üsti bilen olar ýönekeý bolan işleri ýeterlik derejede gowy özleşdirýärler, pul sanap bilýärler. Öý hojalygyndaky işleri amala aşyrmaga gatnaşýarlar, ýöne olaryň bolup geçýän wakalaryň manysyna düşünmegi ýeterlik derejede bolmaýar, şol hem samsyklajyrak hereketleriň (gerekmejek zatlary satyn almagy, çorba arassalanmadyk kartoşkany atmagy, gül goýulýan küýzä guran gülleri oturdyp goýmagy we ş.m.) edilmegine sebäp bolýar.

Abstrakt düşünje olara elýetmez bolup, şu sebäpli-de adaty orta mekdebiň maksatnamalaryny özleşdirmegi başarmaýar, ýöne ýöriteleşdirilen mekdeplerde bu çagalar okamagy, ýazmagy, sadarajyk sanlaryň hasabyny çykarmagy (goşmagy, aýyrmagy), tebigat baradaky ýüzleýräk düşünjeleri almany başarýarlar. Şeýle bozulmaly adamlar beýlekilerden tapawutlanýandyklaryny gowy duýup hem-de şoňa düşünip öz ukyplarynyň pes taraplarynyň öwezini mylaýymlykdyr hoşamaýlyk etme arkaly dolmaga çalşyp, ylmy adalgalary tutýarlar.

Aýdýan gep-gürrüňlerini çylşyrymlaşdyrýarlar, hatda beýlekilere öwüt-nesihatlar berip öwredýän ýerleri hem bolýar. Ugruna seredilmän başdan aýlap urulan özbaşyna taşlanan şeýle näsaglar, köplenç halatda jenaýatkärleriň täsirine düşüp, meýli içgileri köp içip başlaýarlar, her hili jenaýatlara ýüz urýarlar. Kähalatlarda olar özbaşdak ýaşap, köplenç, çylşyrymly bolmadyk käri öwrenip, haýsydyr bir halypanyň ýolbaşçylyk etmeginde işläp hem bilýärler.

Akyl ösüşiniň yza galaklygynyň aram derejelisinde onuň uýgunlaşyp bilme ukyby 6-9 ýaşlylaryňky ýaly bolup, durmuşdaky işleri amala aşyryp bilmesi çäklendirilýär, maşgala çygryndan we ýörite toparyň çäklerinden daş çykyp bilmeýär.

Düşünip bilme hem gürleşip bilme, öz-özüne hyzmat edip bilme endiklerini özleşdirmede, motorikada irki çagalyk döwründen başlap ösmän yza galanlyk ýüze çykýar. Mekdepde okadylmanyň has kiçi göwrümli maksatnamalysynda geçirilmegem gümanalyrak bolýar. Aň-düşünjeli edilýän zatlar iň sada düşünjeler bilen çäklendirilýär. Şol sebäpli ýagdaý sada el işlerini ýerine ýetirip bilmeginden, ýönekeý aňry-bäri zatlary satyn alyp bilmeginden, tanyş bolan ýerlerine azaşman baryp-gaýdyp bilmeginden aňry geçmeýär. Soňra näsaglar özleriniň saýlap tutan belli-belli adamlary bilen habar alşyp, ýokary hünärmenligi talap etmeýän ýa-da gaty bir çylşyrymly bolmadyk ýörite ýeňilleşdirilen mekdeplerde okap, ýerine ýetirip bilýärler. Durmuşda sähelçe stresli ýagdaýa getirilmegem onuň göz astyna alnyp edýän işlerinedir hereketlerine ukrukdyrma gönükdirilen ýolbaşçylygyň edilmegini talap edýär.

Akylyň ösmän galanlygynyň agyr görnüşlisinde gürläp bilmek hem motoriki (hereketlenme) endikleriň ösüşi ujypsyz bolup, mekdep ýaşyna ýetmedik çagalar, adatça öz-özlerine hyzmat edip bilmäni hem-de gürleşip habar alşyp düşünişip bilmäni başarmaýarlar. Diňe ýetginjeklik ýaşlarynda yzygiderli okadylyp öwredilme şertlerinde gürleşip bilme hem sözsüz görnüşde üm-yşaratlar arkaly çäklendirilen görnüşdäki habar alyşma, düşünişip bilme, öz-özüňe hyzmat edip bilme ýaly sadadan ýönekeý endikleriň özleşdirilip ýola goýulmagy mümkindir. El endikleriniň özleşdirilip öwrenilmegi mümkin däl. Şeýle näsaglar hemişe göz astynda bolup, hossarlarynyň ýa-da enekeleriň ideglemegine mätäçdirler.

Akyl ösüşiniň yza galaklygynyň çökder görnüşlisindäki näsaglarda aňly-düşünjeli gürläp bilme ukyby düýbünden bolmaýar, emosional reaksiýalary diýseň ýöntem bolup (nadaralyk edip gykylyklamak, aglap-eňremek), olar hatda ata-enesinem, ýakyn hossarlarynam tanamaýarlar. Hereketlenmeleri ösmän galan, tagaşyksyz bolýar. Näsaglaryň käbirleri ýöräp bilmeýär, diňe birmeňzeş hereketleri (oturan ýerlerinde yraň atmany) edip, kähalatlarda töwerekdäkileriň hereketlerini we ýüz-gözüni oýnadyşyny gaýtalamaga synanyşýarlarr. Olar öz-özlerine hyzmat etmäni başarman, hemişe göz astynda bolup ideglenmä mätäç bolýarlar (adatça, ýöriteleşdirilen edaralaryň şertlerinde, ýagny näsag çagalaryň saklanýan öýlerinde ýa-da hassahanalarda). Olaryň psihiki durmuşy iýmek-içmek, ýatmak, täret etmek ýaly adaty bolan ýöntem tebigy talaplaryň kanagatlandyrylmagy bilen çäklenýär. Näsaglaryň aglabasy hemişe diýen ýaly hereketsizlikde bolup, özleriniň fiziologiki hereketlerine gözegçilik etmegi, meselem, adaty täret etmegi-de ugrukdyryp bilmeýärler.

Akylyň ösüşiniň yza galaklygynyň çökder görnüşlisindäki psihiki kemislikleriň, iç agzalarynyň köp sanly kemislikleriniň daşky anomaliýalar bilen utgaşýan ýerleri-de seýrek däl. Süňňi işleriniňdir hereketleriniň ugrukdyrylyp ýola goýluşynyň ýaramazlygy bedeniň goranyş ukyplarynyň peselmesi, ýokanç hem gaýry keseller bilen näsaglamagyna getirip, ir ölmegine sebäp bolýar. Olaryň kämillik ýaşyna ýetýänçä ýaşaýanlary gaty seýrek bolýar.

Beýni işleýşiniň islendik biohimiki hem fiziologiki akyl ösüşiniň yza galaklygynyň galtaşyklylygy bilen baglanyşykly bolan sindromlaryň 200-den-de gowragynyň barlygy mälimdir. Şolaryň baryny suratlandyryp beýan etme mümkinçiligi bolmansoň, her niçik-de bolsa, azda-kände görkezilme niýeti bilen, şol bozulmalaryň has giňişleýin ýaýranlarynyň käbiri hakynda aýtmagy makul bildik.

Hromosom abberasiýalary (adaty bolşundan özgerenligi) akyl ösüşiniň yza galdyrylmagynyň has ýygy duşýan sebäpleriniň biri bolup, olar psihiki ösüşiň togtadylmagynyň genetiki şertlendirilenleriniň ählisiniň 10-12%-ne barabardyr. Şonda has iri hromosomlaryň (birinji jüpünden 12-jisine çenli embrionyň kemisligi) çaga düwünçeginiň ýaşap bilmezlik derejesine getirip, göwredäki çaganyň wagtyndan öň düşmegine sebäp bolýar.

Hromosomlaryň 13-18-nji jüpleriniň triosomiýalary (üç hromosomlaryň birmeňzeşliginiň mikrosefaliýa, agyz içiniň ýokarky kentlewügi bilen ýokarky dodagyň bitmezligi, ýürek kemçiligi ýaly kemisliklere getirmegi), adatça, çaganyň bir ýaşynyň içindekä ölmegine getirýär. Hromosomlaryň mälim bolan gaýry kemislikleri – bu hromosomanyň 5-nji jüpüniň gysga eginli delesiýasy (hromosomanyň bir böleginiň ýitirilmegi – «pişik mawlamasy» sindromy) we hromosomyň 18-nji jüpüniň uzyn eginli delesiýasydyr (Leženiň sindromy). Şu sindromlar akyl ösüşiniň gödek görnüşde bozulmasy bilen ýüze çykarylýar. Uly adamlarda, köplenç halatda, hromosomyň 21-nji jüpüniň trisomiýasy (Daunyň keseli) hem-de jynsy hromosomlaryň kemisligi hasam ýygy duş gelýär.

Daunyň sindromynda 21-nji hromosoma öz içinde beýni proteýiniň beta-amiloidiniň genini saklaýar. Neýrohimiki patologiýa bolsa bazal ýadrosynyň (özeniniň) we beýniniň daşky gatlagynyň bölümleriniň somatostatiniň, asetilholininiň ýitirilmegini öz içine alýar. Newrologiki hem gistologiki özgerişler Alsgeýmeriň keselindäkilere çalymdaş bolýarlar. Keseliň döremeginde ýoňsuz ähmiýeti enäniň ýaşy hem oýnaýar. Şunuň ýaýraňlygy adaty adamlaryň arasynda ýaňy doglan çagalaryň 700-den birine, ýaşy 45-den geçen aýallarda bolsa 20-den birine, ýaşy 32-den aganlarda 100-den birine barabar bolýar. Seýrek halatlarda 21-nji hromosomanyň ýerinden süýşüp sagdyn hromosoma geçmegi bilen baglanyşykly bolan keseliň görnüşide duşýar. Şeýle ýagdaýlarda ata-enede keseliň başlangyjynyň ýaşyryn göterilip gözlenilýänligi barada gürrüň edilip, bu ýerde enäniň ýaşy uly ähmiýete eýe bolmaýar; maşgalada nesil yzarlamanyň bolaýmagam ähtimaldyr.

Daunyň keseliniň adaty alamatlary – boýuň kelteligi, göwräniň belli bir derejedäki uzynlygynda el-aýaklaryň gysga bolmagy, tegelek uly ýüz, gözleriniň içerki burçunyň mongolşekilli gasynly (epikant) gyýalygy, betnyşanlaşdyrylan kiçijik bedroý gulaklary, gözüň ýaldyrap duran reňkli örtüginiň ýorkasy galňap gasyn baglan, agzyna sygmaýan uly dili, jynsy agzalarynyň ösüp ýetişmänligi, myşsa-damarlarynyň ählisiniň gowşaklygy, jebislendirilmedik bogunlarynyň şalkyldaşyp durmasy bilen häsiýetlenýär. Milletine seretmezden Daun kesellileriň

ýüz keşbi birmeňzeşräk bolýar. Çaganyň penjesiniň görnüşem özboluşly häsiýetlere eýe bolýar: pökgi barmaklary gysga, külbikeleri egreldilen we keseligine gidýän («maýmynkysmy») gasyn baglanlygy bilen häsiýetlenýär. Bedeniň goranyş güýjüniň peselmegi, giňişleýin ýaýran kariýes (dişleriň garalyp çüýremegi sebäpli döwülegen bolmagy), ýokanç kesellere aňsat ýoluganlyk (köplenç halatda näsaglar jynsy kämillik ýaşyna ýetmän ölýärler) bolup geçýär. Akyl kemisligi, köplenç halatda çökder görnüşde bozulan bolýar: şolaryň 75%-de aramlygrak hem-de agyr, 20%-de çuňňurdan çökder, 5%-de akyl ösüşinden yza galmaklygyň ýeňil görnüşlisi hasaba alynýar. Şeýle çagalar girrikden gaharjaň hem uçursyz ynjyk bolup, gürläbilmeleri ösüp kämilleşdirmekden yza galdyryp, ugrukdyrylmadyk çäkli görnüşde bolup, ýöne kä halatlarda ýeterlik aýdyň görnüşli emosiýalary welin görkezip bilýärler. Adatça, olar hemişe ata-enesine ýapyşyp ysnyşagan bolup, olara meňzemäge çalyşýarlar. Näsaglara ir garrama hem (40 ýaşamanka) häsiýetli bolup, şolam, köplenç halatda akyl taýdan peselmegine alyp barýar: beýnide Alsgeýmeriň keseline häsiýetli bolan özgerişler bolýar. Jynsy hromosomlaryň bölüşdirilişiniň bozulmalary, adatça, Daunyň keselindäki ýaly akylyň gödeňsi bozulmalarynyň kemisliklerine getirmeýär.

X-hromosomadaky trisomiýa («triplo-x», XXX genotip) hem-de X-hromosomanyň biriniň bolmazlygy (Şereşewskiý – Terneriň sindromy, XO genotip) fenotipiki, ýagny aýal görnüşli bolup, aýal jynslylyk bilen ýüze çykarylýar. Olaryň ikinjisinde, şeýle-de soňkusynda-da jynsy ösüşiň bozulmalarynyň alamatlarynyň görnetin ýüze çykýanlygy bellenilýär (köplenç halatda Şereşewskiý – Terneriň sindromynda). Akyl kemisligi gödeňsi görnüşde bolmaýar (akyl ösüşiniň yza galaklygynyň ýeňil görnüşlisi bolup), ol näsaglaryň uçdantutma hemmesinde döremeýär. Şereşewskiý – Terneriň sindromy fenotipik taýdan boýuň kelteligi, boýnuň gysgalygy, saçlaryň ösüp başlaýan çäginiň emzik şekilli çykyndysyndan pilçä tarap ýönelýän ganat şekilli gasynyň bolmagy, jynsy alamatlarynyň ikinji nobatdakylarynyň ösüşden yza galmagy we ilkinji amenoreýa (aýbaşynyň bolmazlygy) bilen häsiýetlenýär. Olar göwnaçykdan hoşamaý, zähmetsöýer, kejirlik edip durmaýan ylalaşagan, ysnyşagan bolýar. X-hromosomyň trisomiýasynda akyl peselmesi olaryň 75%-de duşup, ýöne olar gödeňsi görnüşde däl-de, näsagyň özüni alyp barşy psihopata çalymdaş bolýar. Şizofreniýany ýatladýan psihozlaryň ýüze çykýan ýerlerem seýrek däl. XXY we XÝY genotipler erkek kişilerde duş gelýär. Klaýnfelteriň sindromy X-hromosomanyň barlygynda (XXY, XXXY, XXÝY görnüşliler hem duş gelýär) artykmaç X-hromosomanyň barlygy bilen häsiýetlenýär. Şeýle patologiýaly näsaglar infantilizm, ginekomastiýa, önelgesizlik bilen häsiýetlenýär. Akyl kemisligem ýygy duşýar, ýöne hemme wagt bolmaýar. Olara polady ýumşaklyk, utanjaňlyk, psihiki infantilizm, kähalatlarda öz kemisliginden utanmaklyk, şol barada jany ýanyp jibrinmek, kemsinmek häsiýetli bolýar. Artykmaç Y-hromosomanyň bolmagy (XÝY sindromy), adatça gödek somatiki bozul-

malar bilen ýüze çykmaýar. Şonda erkekleriň är-aýal işini amala aşyrmak bilen baglanyşykly bolan jynsy işine ukyby bozulman, olardan hatda genetiki kemissiz çagalar hem doglup biler. Näsaglaryň 80%-de duş gelýän psihiki ösüşden yza galanlyk, adatça gödeňsi görnüşlerde bolýar. Şeýle oglanjyklar çagalygyndan boýunyň uzynlygy, emosional durnuksyzlygy, birden gyzyp uçursyz güýçli gahar-gazaba gelmeklik, kakabaşlyk, düzgün-tertipleridir kanuny bozmaklyk bilen tapawutlanýarlar.

Nesil yzarlaýjy gen kemislikleri, adatça haýsy-da bolsa bir fermentiň ýetmezçilik etmegi arkaly ýüze çykýar. Adaty ýagdaýlarda çaga enesiniň göwresindekä ýaňky kemisligiň öwezi ejesiniň bedeni arkaly doldurylyp, köplenç dogrulanyndan soň gözedürtme görnüşde adatdakylardan tapawutlanýanlygy bildirmeýär. Ýöne ferment ýetmezçiligi juda uzaga çekende enzimopatiýanyň akyl ösüşiniň yza galaklygynyň çökder agyr görnüşlilerine getirme ähtimallygy bar. Akyl ösüşiniň yza galanlygynyň ählisiniň 10%-de enzimopatiýa döreýär.

**Martina – Belliň alamatlar toplumy (sindromy).** Martina – Belliň alamatlar toplumy X-hromosomasy gen görnüşli bolan jynsa bagly tirkelen bolup, şol ýerde segmentleriň (bogunsyz bölüşdirilmeleriň) we gysylyp çekdirilen ýerleriň emele gelmegine getirýär. Şeýle kemislik diýseň ýygjam duşup (oglanlaryň 1500-den birinde, gyzlaryň bolsa 2500-den birinde) akyl ösüşiniň yza galanlygynyň döreme ýygylygynyň öwrenilen sebäpleriň (Daunyň keselinden soňky) arasynda ikinji orunda durýar. Psihiki bozulmalaryň spektri (zolagy) diýseň giň bolup – autizmden (gürlemezlikden) başlap, hereketlenmeleriň başyna goýberilmesi bilen maksadalaýyk ugrukdyrylmazlygyna – başly-baratlygyna çenli ýetirilýär. Akyl ösüşiniň yza galanlygy ýeňil hem aramlygrak görnüşleriniň aralygynda bolýar. Sözleýşinde çalt gürleme (sözlerini öňürdikletmek) we bir zatlary öwran-öwran gaýtalama bilen häsiýetlenýär. Daş sypaty synlananda ünsi öňi bilen özüne çekýän zat onuň kellesiniň ululygy, maňlaýynyň ýaýbaňdan giňligi, burnunyň üýtgeşik şekilliligi, hargulaklygy bolýar. Munuň bejergi usullary ýok.

**Fenilketonuriýa** (fenilalaniniň çalşygynyň bozulmasynyň netijesinde fiziki hem psihiki ösüşiň togtadylyp yza galdyrylmagy, hereketlenmeleriň bozulmasy we myşsa güýjüniň gowşadylmasy – myşsalaryň erkiňe garaşsyz ýygrylyşyp düýrülmeginden awtomatiki ýagdaýda herekete getirilmegi, diskineziýalar – hereketlenmeleriň öz erkli ugrukdyrylmasynyň bozulmalary 1934-nji ýylda A. Felling tarapyndan ýazylyp beýan edilipdi. Onuň ýygjamlygy oglanlarda-da, gyzlarda-da deňderejeli birmeňzeş bolup, täze dogulan çagalaryň 10000-den birinde gabat gelýär. Keseliň ýüze çykyşy fenilalaningidroksilaza fermentiniň ýoklugy bilen şertlendirilýär. Şonuň netijesinde-de, neýromediatorlaryň (noradrenalinin, dofaminiň, gormonlar, adrenaliniň, tiroksiniň) we melanin ýaly maddalaryň emele getirilmegi üçin wajyp bolan fenilalaniniň tirozine öwrülmegini bökdäp, bozýan ýagdaý döreýär. Çaga dogulaýan badyna sag çagalardan hiç bir babatdan tapawut-

24. Sargyt №3273.

lanmaýan hem bolsa, onuň durmuşynyň ilkinji aýlarynda gowşaklyk döräp, barha beterleşýär-de, hereketleriň gowuşgynsyzlygyna, göwräniň gowşap doňan ýalylygyna, töwerekdäki zatlara berilýän reaksiýanyň pesligine, psihiki ösüşiň haýallamagyna getirýär. Melaniniň ýetmezçiligi saçlaryň çyparlanmagy we gözleriň gök reňke gelmegi bilenem ýüze çykýar. Çaganyň gusmasy diýseň ýygy gaýtalanýan ýagdaý bolup, olar aýratyn-da goşmaça iýmitlendirilmäni kynlyk bilen göterýärler. Çaganyň endamyna düwürtikleriň örmegi ýakymsyz porsy ysly bolan derlegenlik ýaly zatlar hem ýygy gaýtalanyp durýar. Çaga doglandan soň 2-3 aýdan gijikdirilmän ýörite berhizli bejergi geçirilmedik ýagdaýynda kemakyllygyň agyr görnüşi döreýär. Keseliň kesgidiniň gijikdirilmän goýulmagy üçin çaga 2-3 aýlykka onuň peşewi azyndan iki gezek barlagdan geçirilýär. Şony anyklamak üçin birýarymhloristiý demiriň (Fellingiň probasy), dinitrofenilgidrazil reaksiýasy we Gatrinin testi geçirilýär. Ýöne bu testler oňa gönümel degişli bolmansoň, kesgidiň gutarnykly goýulmagy gan syworotkasyndaky (suwuklygyndaky) fenilalaniniň saklanylýan mukdarynyň derejesiniň kesgitlenilmesiniň esasynda goýulýar. Munuň bejergisiniň ýeke-täk usuly şoňa degişli bolan berhiziň berk tutulmasy bilen, iýmitde beloklaryň we ösümlik hem mal önümlerinden bolan azyklaryň (et, ýumurtga, hamyrly zatlar, balyk, peýnir, noýba) çäklendirilmegidir. Azyklardan gök önümler, miweler, şeker, bal, kartofel peti, ösümlik ýaglaryndan taýynlanan naharlar iýilmelidir. Berhiziň berk tutulmagy çaganyň kadaly ösmegine ýardam edýär.

**Gargoilizm** – bedende turşy mukopolisaharidleriň ýygnanmagyndan ýüze çykyp bildirýän sindromlaryň toplumydyr. Maddalar birleşdiriji dokumanyň emele getirilmegi üçin wajyp ähmiýete eýedir. Şol sebäpli-de süňkleriň, bogunlaryň, oňurganyň, kelle çanagyň, ýüregiň dürli görnüşdäki köp sanly kemislikleri, ingiler döräp, gözüň görüşinde-de özgerişler peýda bolýar. Şeýle-de, beýnide gidrosefaliýa hem-de onuň gaty gatlagynyň galňamasy ýaly özgerişlerem ýüze çykýar. Keseliň alamatlary çaganyň durmuşynyň ilkinji aýlarynda ýüze çykyp hem tiz beterläp, adaty ýagdaýlarda akyl ösüşiniň yza galmagynyň çuňňur derejesine getirýär. Keseliň anyklap, kesgidiniň ir goýulmasy peşewiň turşy mukopolisaharidleri saklaýşynyň derejesiniň kesgitlenilmegidir (Barri we Dorfmanyň reaksiýasy). Munuň gönümel bejergi usuly häzirlikçe ýok.

**Marfanyň sindromy.** (arahnodaktiliýa – el-aýaklaryň barmaklaryň uzalyşyp inçelmesi) autosom-dominant görnüşde geçip, köplenç halatda, birbada maşgala agzalarynyň birnäçesinde ýüze çykýar. Adatça, akyl kemisligi gödeňsi görnüşde bolmaýar, kähalatlarda asla ýüze-de çykmaýar. Näsaglaryň boýlary, elleri inçeden uzyn, barmaklarynyň bogunlary ýognan, göwresiniň gurluşy asteniki (gowşaksy) bolýar. Psihiki taýdan hereketlenmeleriniň haýallygy, psihiki prosesleriniň kynlyk bilen geçmesi, haýsydyr bir işiň başyny başlamakda şoňa hemmeden öň ýapyşyp, başarjaňlygydyr dogumlylygy görkezip bilmezligi olara häsiýetlidir. Ýokanç keselleriň garşysyna durup bilmek ukybynyň pesligi onuň ir ýogalmagyna sebäp bolýar.

Soňky onýyllyklarda geçirilen barlaglaryň netijesinde köpsanly zyýan ýetiriji, enäniň saglygyny bozýan ýa-da göwredäki düwünçegiň emele gelen gününden başlap tä dogulýança zyýanly täsirlerini ýetirýän zatlaryň çaga dünýä inenden soň hem täsir etmegi ähtimaldyr. Ösüşiň bozulmalaryna we ýoýulmalaryna, akyl ösüşiniň yza galmagyna getirýän şeýle teratogen (göwredäki çagany zeperleýji zyýany ýetirýän) ýagdaýlaryň arasynda iýmitiň ýokumsyzlygy, zyýanly fiziki hem himiki täsirler, enäniň somatiki keselleri, toksikozlar (zäherlenmeler), infeksiýalar, ganyň toparynyň biri-birlerine bap gelmezligi, sazlaşyp sygyşmazlygy, emosional stresler hem bellenip geçilmelidir.

Göwreliligiň geçişiniň ähli döwürlerinde ene boljak göwreli zenan – beloklary, kalsiýni we ş.m. öz içine alýan ýokumly iýmitleri iýmelidir.

Belok – kaloriýa ýetmezçiligi öýjükleriň köpelmegine, olaryň ýerlerini üýtgetmegine, dürli görnüşli öýjükleriň kemala gelmeginde biçak ýaramaz, dargadyjy täsir edip, olaryň ýoklanmagy bilen tamamlanýan ýerlerem seýrek däl. Beýni öýjükleriniň sany azalyp, mielizasiýanyň (nerwleriň daşky örtüginiň emele getirilmegi) geçişi bozulýar. Çagalaryň 70%-de kelleleriniň ep-esli derejede kiçiligi, 90%-de bolsa oň ösüşiniň yza galmagyň dürli derejelilerinden ezýet çekýänlerden bolup çykdy.

Beýniniň ösüşine zyýan ýetiriji täsir edýän zatlaryň biri hökmünde göwredäki çagada gipoksiýanyň (kislorod ýetmezçiliginiň) döremegi hasaplanýar. Şonda göwredäki çaganyň dokumalaryna kislorodyň barşynyň azalmagy dürli sebäpler: çaga ýoldaşynyň (eşeniň) patologiýasy, iýmitlenişiň bozulmalary, metabolizmiň kemislikleri, gan bilen üpjün edilişiň ýetmezçilikleri, ganöndürilişiniň peselmegi ýa-da enesiniň ganynyň çaga bedenine geçirilmeginde bökdençlikleriň döremegi bilen baglanyşykly bolýar.

Göwredäki çaganyň infeksiýalarynda we intoksikasiýalarynda zeperlenmäniň ýüze çykarylyp bildirilişi diňe bir täsir edilmäniň häsiýetine, şeýle-de, onuň täsir eden wagtynyň döwrüne-de bagly bolýar. Ösüşiň has agyr, agzalaryň gödeňsi görnüşlerde kemislenmegi ýaly bozulmalar bilen geçýänini göwreliligiň birinji trimestrinde täsir edýän infeksiýalar we intoksikasiýalar döredýär. Enäniň şol döwürdäki başdan geçirýän islendik infeksiýasy göwredäki düwünçegiň zeperlenmegine sebäp bolup biler. Gyzylja we dümew kesselleriň zeperlemeleri bilelikde garanyňda has ýygy duşýanlarydyr. Merezýelden, toksoplazmozdan, listeriozdan, sitomegaliýadan döreýän keseller bolsa seýrek duşýanlarydyr.

Göwreliligiň birinji trimestrinde gyzylja wirusyň zeperlemesi çagalaryň 12%-de ösüşiň ýoýulmalaryna, 7,2%-de bolsa çagalaryň öli dogulmagyna getirýär. Göwreliligiň ikinji trimestrindäki infisirlenme ýaňky görkezijilerden 2-3 esse az bolýar. Rubeolýar embriopatiýada (göwredäki çaganyň ösüşinde ýoýulmalaryň bolup geçmegi) oligofreniýanyň, dürli agzalaryň ösüşinde ýoýulmalaryň – gözlerde, ýürek-damar ulgamynda, eşidiş apparatynda (gulaklarda), skeletde we dişlerde,

peşew-jyns agzalarda bolmagy bilen utgaşyp, göreşmäniň ýeke-täk çäresi – göwrelilik döwründäki infeksiýalaryň garşysyna göreşilip, olaryň öňüniň alynmagydyr.

Akyl ösüşiniň yza galmaklygynyň agyr görnüşlisiniň bolmagy göwredäki çaganyň listerioz, toksoplazmoz, merezýel, sitomegaliýa ýa-da görnetin neýrotrop täsirini ýetirip, çaga ýoldaşynyň päsgelçiliginden aňsatlyk bilen geçme ukyby bolan infeksiýalara-da häsiýetli bolýar. Şonda göwredäki çagada döreýän listeriozyň onuň ölümine getirmegi hem mümkindir, ýa-da septisemiýa hem-de meningoensefalit görnüşlerinde geçip, MNU-da gödeňsi organiki zeperlenmeleri galdyryp gidýänligem mälimdir. Keseliň kliniki suratlanyşynda akyl-paýhas ösüşiniň yza galmaklygyndan daşary gahar-gazaba gelmegiň ýokarylygy, gyzmalyk edip garaşylmadyk howatyrly duýdansyz hereketlere ýüz urmaklyk ýaly ýagdaýlar hem bolýar. Seýrek halatlarda listeriozyň çaga doglandan soň döreýän görnüşleri-de duşup, olar nerw ulgamynyň zeperlenmegine getirip biler.

**Toksoplazmoz** – parazitar infeksiýasydyr. Bäbekleriň 10000-de 5-7-si toksoplazmoz bilen infisirleneni tapylýar. Bu kesel infeksiýaly haýwanlaryň etiniň üsti bilen adamlara geçýär. Dogabitdi toksoplazmozly näsaglaryň takmynan 10%-i 1-2 aý geçenden soň ölýärler, galanlarynda bolsa köpsanly kemislikler, şol sanda-da psihiki ösüşden galmaklyk döreýär. Göwredäki çaga näçe ir infisirlendigiçe, şonça-da onuň ölme howpy artýar, giç boldugyça bolsa zeperlenmeler ýeňil görnüşlerde bolup geçýär. Ýaňy doglan näsag bäbeklerde hemişe diýen ýaly üşüdip gyzdyrma, sarygetirme, endamyna düwürtik örme, kähalatlarda garaguşagyra meňzeş tutgaýlaram bolýar. Onuň gözleriniň ýellenmegi, kalsiýniň beýnisine çöküp, siňmegi hem häsiýetli bolýar. Gidrosefaliýa oňurga suwuklygynyň belogyň agdyk mukdarynyň köp saklanylmagy bilen geçýän ksantohromiýasy hem ýygy duşup, toksoplazmozyň, mikrosefaliýanyň (kelleçanagyň hem beýniniň kiçiligi) gözüň ýaldyrawuk örtüginde reňkli tegmilleriň peýda bolmagy, meningit, öýken sowuklamasy, psihiki ösüşden galmanyň agyr görnüşlisi ýaly zatlar hem duşýar. Toksoplazmoz MNU-na geçende meningit döräp, şonuň beýniniň gidrofilligini ýokarlandyryp gabartmagy bilen geçýän ýerlerem duşýar.

**Merezýeliň häsiýetli alamatlary** – burundan iriňli ganyň gelip durmagy, ýüzleý ýerleşen limfatiki düwünleriň çişip ulalmasy, endama şypyljap suwjaryp duran düwürtikleriň örmegidir. Köplenç halatda, ösüşiň köpsanly kemislikleri – kelleçanagynyň gyşyk-çaýşyk bolmagy, burnuň gerişi çöküp eýer şekilli görnüşe gelmegi, süňkleriň ýognalyşyp egrelmeleri (ýokarky alyn dişlerde ýarymaý görnüşli gädikleriň peýda bolmagy), keratit (gözüň buýnuz gatlagynyň gaýnaglamasy) we ortaky gulagyň zeperlenmesi bolýar. Newrologiki ýagdaýda merezýeli häsiýetli bolan görüş alamatlary (Argaýl Robertsonyň alamaty), ysmazlar, ýarym ysmazlar, sandyrawuklyk, horeýaform giperkinezler we garaguşagyry görnüşli tutgaýlary bolýar. **Sitomegalowirus infeksiýasy** giňişleýin ýaýran hasaplanýan hem bolsa, ýöne ony özünde göterip gezýänleriň aglabasynda onuň alamatlarynyň ýüze çyk-

mazlygynda geçýär. Muňa mikrosefaliýa, gözleriň, görüş hem eşidiş nerwleriniň zeperlenmesi häsiýetli bolýar.

Çagalaryň birnäçesinde bozulmalar dogrulýan wagtynda däl-de, biraz soňrak hem döräp bilýär. MNU-yň aýdyň zeperlenmesi akyl ösüşiniň yza galmasy bilen utgaşýar.

**Ýaňy doglan bäbekleriň gemolitiki keseli** zäherlenmeleriň agyr görnüşlisini döredip, bilirubin ensefalopatiýasynyň kemala gelmegine getirýär. Gemolitiki keseliň ýygjamlygy çaga dogranlaryň 250-300-sinden birine barabar bolup, şonuň döremegine ene bilen çaganyň rezus ulgamynyň biri-birine sazlaşyk gelmezligi sebäp bolýar. Rezus oňuşmazlygy – sygyşmazlygy rezus minusly enäniň goşmaça çaganyň gany bilen immunizasiýalaşdyrylmagynyň netijesinde döreýär. Şonda rezus-minusly aýallaryň 25-30-dan biri sensibilizasiýa (duýgurlygynyň ýokarlanmasy) duçar bolujylaryň hataryna girýänlerden bolýar. Çaga ganynyň gemolizi (gandaky eritrositleriň – gyzylgan bedenjikleri zeperlenmesi) göni döremedik bilirubiniň toplanmasy bilen geçip, ol demalyş fermentleriniň işiniň bozulmasyna getirýär. Onda has beter ejir çekýänler bazal ganglileriniň dokumalary, beýniniň daşky gatlagy, böwreküsti mäzler bolýar. Gemolitiki keseliň netijesinde döreýän akylyň ösüşden galmagynyň ekstrapiramid hereketlenmeleriniň bozulmasy hem eşidişiň ýaramazlaşmasy bilen geçýän ýerleri-de seýrek däl. Akyl kemisliginiň derejesi keseliň geçişiniň agyr-ýeňilligine bagly bolýar: onuň ýüze çykyşynyň derejesi akylyň ösüşden galmasynyň ýeňil we çökder agyr görnüşleriniň aralygynda-da bolup biler. Eşidişiň bozulmasyna gürläp bilmäniň gödeňsi bozulmalary hem utgaşyp biler. Näsaga joşgunlanyp hyjuwly gahar-gazaba gelmeklik, lenç edip iriziji ýüregedüşgünçlik, ýersiz-ýere yrsarap, beterleýän girriklik, tankydy garaýşynyň uçursyz pesligi we keýpi göterilip şady-horramlyk häsiýetli bolýar. Çaganyň dogulýan pursatyndaky ýagdaýlar edähede girizilen adat boýunça onuň dogulýan wagtynda howa ýetmän demigmesi hem dogluş ýollaryndan geçendäki kynçylyklara sezewar edilmegi, kelläniň çendenaşa gaty gysylmasy düzedilip bolunmajak beýni gan inmelerine ýa-da psihiki ösüşden galma ýaly ýagdaýlara getirýänligi mälimdir. Ondaky akyl ösüşiniň yza galmaklygy özüniň kesgitli bolan aýratynlyklary bilen tapawutlanman, aýdyň bolan belli bir alamatlar köp halatda zeperlenmäniň ornaşan ýerine we onuň agyr-ýeňilligine-de bagly bolýar. Nesil yzarlaýan görnüşlerden tapawutlylykda munda huşuň we ünsüň bozulmalary has ýygy duşýar. Newrologiki alamatlaryň duşýan ýerleri-de seýrek däl: ýarymysmazlar, doly ysmazlar, psewdobulbar dizartriýasy (gürleýşiň düşnüksizligi, alaliýa) gürläbilmezlik (lallyk) garaguşagyry görnüşli geçýän tutgaýlardyr. Akyl ösüşiniň yza galmakly alamatlaryň psihoorganiki sindromynyň tiz mejaldan gaçmasy, ýadamaklyk ýalylar bilen utgaşýar. Kelleçanak içre döreýän gipertenziýanyň (kelleçanakiçre basyşyň ýokarlanmagy) bolmagy hem seýrek däl.

Çaga dogrulandan soňky döwürde akyl ösüşiniň yza galanlygynyň döremeginiň wajyp sebäbi – beýniniň agyr geçýän infeksiýalarydyr (meningit we meningoensefalit). Infeksiýalaryň getirýän netijesiniň agyr-ýeňilligi köp halatda bedeniň hususy reaktiwligine-de bagly bolýar. Kähalatlarda gyzamyk, gök bogma ýaly ýokanç keseller, öýken gaýnaglamasy irki çagalyk ýaşynda bolup paraensefalitiň döremegine getirýär, şol hem akyl ösüşiniň togtadylmagyna sebäp bolýar. Çagalaryň ömrüniň ilkinji ýyllarynda alýan şikesleri akyl ösüşiniň yza galmaklygyna seýrek halatlarda getirýärler, çünki şol ýaşdaky çagalar hemişe enesiniň ünsli garamagynda bolup, yhlasly idedilip hem goraglanyp saklanýarlar. Şikeslerden soň döreýän akyl işiniň yza galmagynyň ilkinji alamatlary ýygyndy görnüşli bolup, psihiki işleriň uçdantutma barysy bir derejeli görnüşde bozulmaýar-da, şolam akyl işiniň şeýle görnüşli yza galmagyny has giçkiräk döreýän organiki demensiýalara çalymdaş edip görkezýär. Şeýle-de, çaga doglandan soňky döwürde akyl ösüşiniň yza galmaklygyny endokrinopatiýalar hem döredip biler. Köplenç halatda, galkan görnüşli mäziň işleýşiniň bozulyp, gormonlary ýeterlik mukdarda çykarybilmezliginiň netijesinde psihiki ösüşiň togtadylmagyna – kretinizme (kemakyllyga) duşulýar. Bular nesil yzarlaýan seýrek keseller görnüşinde, şeýle-de daşarky zyýan ýetiriji täsirlerden döredilen (ýoduň ýetmezçiliginde, autoimmun ýa-da galkan görnüşli mäziň gipofiziň zeperlenmesinde) görnüşlerde-de bolup biler. Gyzjagazlar oglanlara garanyňda has ýygjam keselleýär. Muňa boýuň kelteligi, dişleriň ösüşiniň haýallap bozulmasy, süňkleriň ösüp hem gatap berkemesiniň haýallamasy, arterial gipotoniýasy hem bradikardiýa, içegeleriň atoniýasy häsiýetli bolýar. Käbir halatlarda bejergi geçirme maksady bilen tireodiniň berilmegi psihiki kemisligiň agyr görnüşlisiniň döremeginiň öňüni alýar.

Akyl ösüşiniň yza galmaklygynyň ewolýusion dinamikasy tutuşlygyna alnanda oňaýly bolýar. Wagt geçip bu raýatlar ulaldygyça olar emellilikdir endikleriniň sanyny artdyrýarlar, bilim-düşünjeleriniň, durmuşa bolan tejribesidir ukyplaryny baýlaşdyrýarlar. Şeýlelikde, çaga ulaldygyça, aýratyn-da akyl ösüşiniň yza galaklygynyň ýeňil görnüşlisinde durmuş şertlerinde öwrenişip uýgunlaşyp bilmesi barha gowulaşýar. Ösüşiň ýaramazlaşmasy asteniýanyň beterlemesi, erk-ygtyýaryň gowşap ýitirilmesi, gyzmalygyň hem ynjyklygyň artmasy, jynlylykly edim-gylymlaryň alamatlarynyň döremesi, ipohondrikilik (özünde haýsydyr bir agyr keseliň barlygyndan gorkup, sustupesligiň döremegi) garşylyk görkezme reaksiýasynyň, höwesdir-islegleriň ýoýulyp bozulmalary (öýden gaçyp gitmek, nämedir bir zatlary belli bir sebäpsiz otlamak, jynsy aragatnaşyklarda özüňi alyp barşyň ýoýulyp, özgerip döreýän bozulmalary) ýaly ýagdaýlar bilen ýüze çykýar.

Dekompensasiýanyň has agyr görnüşlileri psihozlaryň seýrek ýüze çykmasyna getirýär. Psihotiki alamatlar dürli görnüşlerde bolup, şizofreniýany (paranoid, gallýusinasiýalar, katatoniki stupor – gymyldy-hereketsiz doňup galma ýa-da göçgünlilik); affektiw psihozlary (depressiýalar), garaguşagyryny (aňyň alagaraňkylykdaky

ýaly ýagdaýy, disforiýalar); ekzogen psihozlary (deliriý, gallýusinoz), isteriýalary (isteriki-kakynly tutgaýlary, psewdodemensiýa) ýatladyp biler.

Adatça, psihozyň ýüze çykarylyşy diýseň ýönekeý, birmeňzeş görnüşde bolup, aýyl-saýyllanyşy ýeterlik bolmansoň, olam ony mälim bolan psihozlaryň hiç birisi bilenem meňzeşligi bolmaýar. Psihotiki gaýtalanmalar, köplenç halatda uzaga çekýär (1-2 hepde), ýöne olara gaýtalanyp durma diýseň häsiýetli bolup, wagtyň geçmegi bilen tutgaýlaryň ýüze çykyp bildirişi peselip, dowamlylygy gysgalýar.

*Kesel kesgidi.* Kognitiw işleýşiniň we sosial erk-ygtyýarlylygyň medeni durmuş täsirlerine garaşlylygynyň has aýdyň ýüze çykarylmasy akyl ösüşiniň yza galanlygynyň derejesiniň takyk kliniki delilleriniň anyklanmagyna mümkinçilik bermeýär. Şol sebäpli MKB-10-da näsaglaryň ýagdaýynyň maksadalaýyk dogry bahalandyrylmagy üçin diňe umumy ugrukdyryjylar getirilip görkezilýär. Bozulmanyň ýeňil görnüşlileri testleriň IQ 50-69 çäkleriniň aralygyndakylar arkaly kesgitlenilip, ol 9-12 ýaşly çaganyň psihiki ösüşine doly görnüşde bap gelýär. Bozulmanyň aramlygrak derejelisi testleriň IQ 35-49 (6-9 ýaş) aralygyndakylar arkaly kesgitlenilýär, agyr derejelisi bolsa testiň IQ 20-34 (3-6 ýaş) aralygyndakylar arkaly, çuňňurdan çökder görnüşlisi bolsa testiň 20-den aşakdakysy (3 ýaşyna ýetmedik çaga) arkaly kesgitlenilýär.

Psihologiki kesgit akyl ösüşi yza galan çagalaryň barlaglarynyň geçirilmeginde ulanylýan köne usullaryň biridir. Akyl derejesiniň kesgitlenilip bahalandyrylmagy üçin çagalary uýgunlaşdyryp boljak görnüşli testlerden peýdalanýarlar: Wechsler Intelligence Scale we Stanford Binet IQ. Bu testleri IQ 50 derejelisinden aşakylary bahalandyrmakda ygtybarlydan ynamly maglumatlary berýänligi akylyň (parsial taraplaryny, ýagny aýry-aýry böleklerini açyp görkezmekde – duýgurlygynyň ýeterlik dälligi üçin tankytlaýan hem bolsalar, ýöne olar sosial ygtyýarlygyň bahalandyrylyşy bilen utgaşdyrylyp geçirilende akyl ösüşiniň bitewi, ýeterlik ygtybarly bolan suratlandyrylyşyny açyp görkezip bilýär.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Akyl ösüşiniň yza galanlygyny çagalyk ýaşynda döreýän aň bozulmalarynyň gaýrylaryndan tapawutlandyrylyp aýyl-saýyl edilmesi zerurdyr.

Akyl ösüşiniň yza galmagyny, köplenç halatda akyl kemisligi bilen geçýän çagalaryň howply şizofreniýasyndan tapawutlandyrmalydyr. Ýöne şeýle kemislik gaýry görnüşlere meňzemeýän üýtgeşikligi, belli bir derejede umumylaşdyryjy pikirlenmä bolan ukybyň saklanylmagy, aýdyň ýüze çykarylýan hereketsizligi, gürlemezligi, biperwaýlygy bilen tapawutlanýar. Şizofreniýada bozulmalaryň barha beterläp ösme häsiýetine üns berilmegi zerurdyr. Keseliň progrediýent (dynuwsyz ösüş häsiýetli bolup beterläp geçmegi) görnüşde geçişi garaguşagyry üçinem häsiýetlidir. Şonda tutgaýlaryň akyl ösüşiniň yza galmagyndakylarda-da duşýanlygyny hasaba alyp, şahsyň mahsus bolan özgerişlerine (uşaklanaganlyk, doňup galan ýaly gymyldamaz-

lyk ýa-da haýal hereketlenmek, çintgemeklik, kitüwlilik) diňe garagusagyryda duşýanlygyny bellige almak gerek.

Akyl kemisliginiň araçäkli görnüşlileriniň bölünip çykarylmagy (ZPR) seýrek bolman, olar ýüze çykarylyşlary bilen akyl ösüşiniň yza galaklygynyň ýeňil derejelilerine çalymdaş bolup, ýöne şondan uýgunlaşyp bilmä bolan güýçleriňdir mümkinçilikleriň artyklygy, okap öwrenip bilmeklige ukyplydygy bilen tapawutlanýar.

ZPR psihiki kemçiligiň ukyp ýetmezçiliginiň tutuşlaýynlygynyň umumylaşdyryjy pikirlenip bilmeklige bolan ukybynyň kemislikli bolan ilkinjisindenem tapawutlanýar. Akyl ösüşiniň yza galanyndan tapawutlylykda, köplenç halatda ýaşyň geçmegi bilen munda akyl kemisliginiň ýylmanylyp öçügsilendirilmegine, ýörite okuwyň geçirilmeli we goldanylmaly şertlerinde onuň doly suratda aýrylmagyna ýykgyn edilmegidir.

*Bejergisi.* Akyl ösüşiniň yza galanyndan doly kemala gelen akyl kemislikli näsaglar berk durnuklylyk bilen tapawutlanýarlar, şol sebäpli derman arkaly geçirilen bejergi olaryň aňynyň ösmegine täsir etmeýär we belli bir derejede gowulaşmasyna mümkinçilik bermeýär. Geçirilýän lukmançylyk çäreleri kemçiligiň mümkingadar ir açylyp, akyl ösüşiniň mümkin bolan ýagdaýlarda deslapdan öňüniň alynmagyna gönükdirilmelidir. Meselem, berhiz bilen bejergi geçirilmek enzimoterapiýalaryň döredýän akyl ösüşiniň yza galdyrylmagynyň öňüni almaga bolan mümkinçiligi döredýär (fenilketonuriýanyň). Käbir halatlarda çalşyrylyp ýerini tutujy gormoniki serişdeler bilen geçirilýän bejergi hem (meselem, gipotireozda) gowy netijeleri berýär. Infeksiýalaryň öz wagtynda üstüniň açylmagy (merezýeliň, listeriozyň, toksoplazmozyň) mikroblara hem parazitlere garşy gönükdirilen bejerginiň geçirilmegine mümkinçilik döredýär. Keseliň öňüni almakdaky esasy ugurlaryň biri – göwreli aýallaryň gowy gözegçilige alnyp hemişe synlanmagy bilen çaga dogurlandaky hereketleriň we işleriň göwnejaý hem seresaplyk bilen dogry alnyp barylmagydyr. Ýene-de bir esasy zatlaryň biri – mediko-genetiki maslahatlaryň wagtly-wagtynda berlip durulmagydyr. Psihiki ösüşiň yza galýanlygynyň öz wagtynda üstüniň açylmagy mahsus bolmadyk metaboliki serişdeleriň ulanylmagyna mümkinçilik döredýär. Birinji nobatda bu nootroplardyr (pirasetam, piriditol, semaks, korteksin, fenibut) witaminleriň B-topary aminokislotalar we beýlekiler (glýutamin kislotasy, aktowegin, serebrolizin) özüňi alyp barşyň bozulmasy, uky bozulmalary, psihotiki epizodlaryň döremegi bilen baglanyşykda peýdalanylýar. Simptomatiki farmakoterapiýanyň geçirilmeginiň zerurlygynyň döreýän ýerleri-de seýrek däl. Psihozlar bolanda goşmaça ýetirýän täsiri juda az bolan neýroleptikleriň (risperidon, neuleptil, hlorprotiksen, galoperidolyň az mukdary) ulanylmagy zerurdyr.

Şeýle näsaglara kömek berilmegiň wajyp tarapy olaryň durmuş reabilitasiýasydyr, ýagny ýagdaýyň gowulaşdyrylyp, durmuşa uýgunlaşyp bilmesiniň ýokarlan-

dyrylmagydyr. Näsagyň ýagdaýynyň reabilitasiýa arkaly düzedilip dikeldilmegine şert döredýär. Ýöriteleşdirilen mekdeplerde zoraýakdan okadylmagy akyl ösüşiniň yza galaklygynyň ýeňil görnüşlilerini döredip biler. Akyl ösüşiniň yza galaklygynyň ýeňil görnüşlisinde şahslaryň kimdir birine öýkünilip edilýän hereketlere ukybynyň ýokarylygy, motorikasynda gödeňsi bozulmalaryň ýoklugy hem hasaba alynmalydyr. Şeýle raýatlara oňa güýç salmany talap etmeýän çylşyrymly bolmadyk hünärleri öwretmek, işläp bilmeklige bolan mümkinçiligiň döredilmegine getirýär. Iş ýerinde bolsa jogapkär işgärleriň olara üznüksiz gözegçilik etmekleri zerurdyr.

## 25-nji bap. Epilepsiýa (garaguşagyry keseli)

*Etiologiýasy.* Bu dürli görnüşlerdäki tutgaýly hem tutgaýsyz paroksizmler bilen geçýän, şeýle-de özboluşly häsiýete eýe bolup, näsaglaryň käbirini spesifiki (aýratyn görnüşli) kemakyllyga getirýän, aglaba progradiýent häsiýetli dowamly nerw-psihiki keseldir. Keseliň keşbinde psihiki bozulmalar ýygjam döräp durýan hem bolsa, ol garaguşagyry keseliniň hökmany alamaty däldir. Keseliň oňaýlyrak görnüşlisine uçran näsaglaryň aglabasy newropatolog lukmanlara görnüp, özlerini bejerdýärler. Olaryň psihiatra ýüzlenme mejburlygy paroksizm (aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýy we psihosensor tutgaýlar dörän) şahsyň we akyl-paýhasyň gödek bozulmalary bilen geçýän psihiki näsazlyklar, şeýle-de garaguşagyry psihozy ýüze çykan pursatynda döreýär.

*Epidemiologiýasy.* Garaguşagyry has ýygy duşýan keselleriň biridir. Meselem, S. P. Worobýowyň (1965) berýän maglumatlaryna görä ilatyň her bir müňüsinden adamlaryň 3-6-sy garaguşagyry keseline uçraýar. Populýasiýasynda garaguşagyry keseliniň ýaýrawlygynyň ortaça görkezmesi P. M. Sarajaşwiliniň hem T. Ş. Geladzeniň (1977) maglumatlarynda görkezilişine görä, 0,5%-ne barabardyr. Erkekleriň garaguşagyry bilen keselleýşi aýallara garanyňda birneme köpräk bolup, ol megerem, erkekleriň urgulary (trawmalary) ýygy alýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Keseliň ýaşa görä döreme ýygylygy kesellemäniň 83%-de 30 ýaşa ýetmediklerde bolýar, keseliň has köp döreýän topary bolsa 5-15 ýaşlylardyr.

*Etiologiýasy.* Häzirki wagtda garaguşagyry keseline polietiologiki (döredýän sebäbi köp bolan) kesel hökmünde garalýar. Näsaglanlaryň aglabasynda çaganyň göwredekä keselbentlikde bolup, kynçylykly geçýän şertlerde dogulmasy, agyr ýokanç keselleriň başdan geçirilmeginde kelle şikesleriň alynmagynda we beýleki daşarky zyýanly zatlaryň täsir etmeginde keseliň döreýänligi anyklanyldy. W. Penfild we T. Erikson (1949) garaguşagyry keseliniň döremegine getirýän esasy sebäpleriň biri kelleçanak beýni şikesleridir diýip hasaplaýan bolsalar, A. I. Boldyrýew

(1984) şu keseliň köp sanlysynyň ýokanç keselleriň esasynda döreýänligini belleýär. Şol bir wagtda-da keseliň ýüze çykmagyna haýsydyr bir ekzogen (daşarky) ýagdaýlaryň täsir etmeginde döreýänligi elmydama mälim däl, çünki keseliň başlanyşy mundan birnäçe aý, hatda ýyl geçensoň döreýär. Mundan-da daşary, hatda agyr beýni şikesini alanlaryň köp sanlysynda garaguşagyry alamatlary ýüze çykman hem biler. Ol öz gezeginde beýniniň organiki zeperlenmesiniň agyrlygy bilen garaguşagyry keseliniň döremegini ymykly baglanyşdyrmaga mümkinçilik bermeýär.

Edebiýatlarda garaguşagyryly näsaglaryň ýakyn hossarlarynyň arasynda, aýratyn hem şol kesellileriň çagalarynda bu keseliň döremeginiň, ýagny milletiň her bir müňünde 36-dan 50-ä çenlisiniň keselleýänleriniň barlygy baradaky maglumatlar bar (Lennoks W. 1960). Geçirilen soňky barlaglar şu keseliň döremegine nesil yzarlaýşyň ähmiýetiniň ujypsyzlygyny açyp görkezdi. Häzirki zaman alymlarynyň birnäçesi keseliň hut özüniň nesil yzarlaman şoňa ýykgyn etdirýän tutgaýa taýynlyk derejesiniň ýokarylygy, garşylyk görkezibilme ykybyň peselmegi bilen häsiýetlenýän konstitusiýanyň we çen-çak edilşine görä gylyk häsiýetiň özboluşlylygy nesil yzarlaýar diýen pikire uýýarlar.

G. Ýe. Suharýewa (1974) muny ekzogen (daşarky) zyýanly täsirleriň çaga dogulmazyndan ozalky we dogulandan soňky döwürlerde daşky faktorlaryň MNU-a täsir etmeginiň netijesinde bedene girizilen kesellemä ýykgyn edilme ýagdaýdyr diýen pikiri öňe sürýär.

Netijede, şu zatlaryň barysy garaguşagyry keseliniň häzirki wagtda nesil yzarlaýjy endogen kesel däl-de, onuň döremeginde aýgytlaýjy orny kesel dörediji daşarky şertleriň (ýokanç keselleriň, ekzointoksikasiýalaryň, kelleçanak şikesleriň we psihiki trawmalaryň beýnä ýetirýän zyýany) çaga dogulmazyndan ozalky döwürde, aýratyn-da irki çagalyk ýaşynda we adamyň ömrüniň soňky döwründe täsirini ýetirýänliginden döreýär diýlip hasaplanylýar. Nesil yzarlaýjy ýagdaýyň garaguşagyry keselini döretmekdäki orny bolsa MNU-yň diňe tutgaý taýynlygynyň kemala gelmesine hem-de hereketlenmesiniň peselmeginiň netijesinde beýnidäki nerw prosesleriň diffuz inertligine (haýallamasyna) getirmesi bilen çäklenýär.

*Patogenezi.* Keseliň patogenezi köp halatda düşnüksizligine galýar. Beýnidäki çäklendirilen destruktiw bozulma ojagy («epileptogen-garaguşagyryny döredýän ojak») bilen bolan arabaglanyşygynyň üstüni bolsa diňe bölekleýin tutgaýlary bolanda açmak mümkindir. Beýnidäki ojaklaryň tutgaýa bolan işjeňligi tutuşlaýyn ýokarlananda bolsa, onuň üstüni açyp bolmaýar.

Tutgaýlaryň döremegi bedende we beýnide umumy madda çalşyk prosesleriniň özgermesi bilen baglanyşdyrýar. Belok-azot öwrülşiginiň aýdyň bozulmasy döräp ganyň suwuklygynda azot bilen ammiagyň toplanmasy, turşy-esas ýagdaýyň alkoloz tarapa süýşmesi uglewod we mineral alyş-çalyşygynyň we endokrin balan-

synyň bozulmasyny awtorlaryň ençemesi garaguşagyry keseliniň patogeneziniň ilkinji düzümleridir diýip hasaplaýarlar.

Tutgaýlaryň döremegine asetilholiniň beýnide toplanmasynyň, neýronlarda natriý ionlarynyň mukdarynyň köpelmeginiň, alkolozyň barha artmagynyň sebäp bolýandygy hem bellenilýär.

Garaguşagyry keselinde GAMK-reseptorlaryň işjeňligini ýokarlandyrýan serişdeler ulanylanda bejerginiň netijesiniň has gowulygy bedende GAMK-yň ýetmezçiliginiň tutgaýlaryň döremegine hem-de ýygjamlaşmagyna sebäp bolýanlygy baradaky pikiri döredýär. Soňky ýyllarda GAMK bilen glutamin kislotasynyň arasyndaky madda çalşygyň hem neýronlarda natriý ionlarynyň migrasiýasynyň (süýşmesiniň) geçmeginiň arasynda içgin baglanyşygyň barlygynyň üstüniň açylmagy, şol ulgamdaky bozulmalaryň, tutgaýlaryň döremeginiň sebäpleriniň biriligi diýilmegine-de esas döredýär. Garaguşagyry keseline garşy gönükdirilen serişdeleriň täsir ediş mehanizmleriniň biri diýlip, olaryň foliý kislotasynyň ýetmezçiliginiň döretmegine aýdylýar, ýöne ýitirilen foliý kislotasynyň öwezini dolmak üçin foliý kislotasy berlende tutgaýlaryň ýygjamlaşmagyna getirmeýär.

Mundan başga-da garaguşagyrynyň patogeneziniň wegetatiw, endokrin we metaboliki düzümleri bat berlen ýaly ýagdaýda güýçli täsir edip, her sapar tutgaýlaryň ýygjamlaşmagyna getirip, beýni bozulmalaryny hasam güýçlendirýär-de, hälki düzümleriň hemmesiniň bilelikde täsir etmegi nobatdaky tutgaýyň döremegine alyp barýar.

*Toparlara bölünişi.* Garaguşagyry keseliniň genuin (idiopatiki, essensiala) we simptomatiki görnüşlere bölünýänligi öňden hem giňden mälim bolup, ondan häzirki wagtyň psihiatrlary-da peýdalanýarlar. Genuin garaguşagyrysy nesilyzarlaýjylyk bilen şertlendirilen kesel diýlip çak edilýän hem bolsa, hakykatdan ol – etiologiýasy näbelli kesel bolup, güýçli tutgaýlar görnüşinde ýüze çykýar. Ol prosesiň geçişinde psihopat şekilli şahsy özgerişe getirýän görnüşinde barha güýçlenip, garaguşagyry görnüşli häsiýetiň döremegine getirýär. Newrologiýada we psihiatriýada simptomatiki garaguşagyry keseline düşünmeklik aýry-aýry görnüşlerde bolýar.

Meselem, alymlaryň bir topary şol adalga bilen tutgaý sindromlarynyň geçip duran organiki proseslerdäki (çişler, beýniň damar zeperlenmeleri, beýni merezýeli we başgalar), şeýle-de şonuň meningoensefalitleriň we şikesleriň (trawmalaryň) (göwredäki çaganyň dogulmazdan ozalky döwürde we doglandan soňky ilkinji ýaşlarynda) rezidual-organiki häsiýetlisinde, şeýle-de çaganyň ösüşiniň irki tapgyrlarynda fokal tutgaýlar we psihikanyň spesifiki bolmadyk umumy organiki görnüşli dowamly özgermeleri bilen ýüze çykýanlaryny atlandyrýarlar.

Şeýlelikde, kliniki tejribe bilen ylmy barlaglaryň çykaran netijesine laýyklykda garaguşagyrynyň genuin hem simptomatiki görnüşlere bölünilmegi doly ret edilip, onuň ulanyşdan galdyrylyp aýrylmaklygy maksadalaýyk diýip karara gelindi.

Garaguşagyry keseli bilen bir hatarda (özbaşdak kesel hökmünden daşary) beýnide geçýän organiki kesellerindenem daşary (çişler, neýromerezýel, neýrorewmatizm we başgalar) beýniniň rezidual-organiki zeperlenmesinde (ýokanç kesellerden, şikeslerden, zäherlenmelerden döränlerinden) garaguşagyry görnüşli sindrom ýüze çykýar. Garaguşagyrynyň hem-de garaguşagyry görnüşli sindromyň ýüze çykyp bildirmegi hasaba alnyp, olaryň aýry-aýry görnüşlerde getirilip görkezilmegi gerek. Şol bir wagtda-da, barlag geçirenleriň ençemesi garaguşagyry görnüşli sindromyň özgerip, garaguşagyry keseline geçmek, şeýdibem özbaşdak kesele öwrülmek mümkinçiliginiň bardygyny hem nygtaýarlar. Şu ýagdaý garaguşagyry keseliniň käbirleriniň rezidual-organiki garaguşagyry görnüşli sindromynyň tapgyryna geçip, şolam şeýle rezidual-organikanyň (ýokanç keseller, zäherlenmeler, şikesler) garaguşagyry keseliniň etiologiýasydyr diýlip hasapalanylmagyna getirýär.

Newrologiki hem-de kliniki-fenomenologiki häsiýetlendirmeleriň esasynda garaguşagyry paroksizmleriniň ençeme toparlanyşy bar.

Aşakda W. W. Kowalýowyň (1979) düzen, iş ýüzünde-de has giňişleýin ulanylýan toparlanyşyny getirip görkezýäris.

1. Generalizirlenen (bütin durky eýeleýän) tutgaýlar:

Uly tutgaýlar (grand mal):

a) ýaýraň

b) gysga (abortiw).

2) Kiçi tutgaýlar (petit mal):

a) absanslar;

b) piknoleptiki tutgalar ;

ç) miokloniki (impulsiw) tutgaýlar.

d) akinetiki (propulsiw) tutgaýlar.

3) Garaguşagyryly tutgaýlaryň üznüksiz yzly-yzyna arakesmesiz tutmasy ýaly ýagdaýlar (status epileptikus):

a) uly tutgaýlaryň statusy;

b) kiçi tutgaýlaryň statusy.

4. Wegetatiw-wisseral (diensefal) tutgaýlar.

5. Ojaklaýyn (çäklendirilen) tutgaýlar:

1. Motor:

a) jeksonyňkylar;

b) adwersiwler;

ç) psihomotor (oral awtomatizmleri, ambulator awtomatizmleri, paroksizmal somnambulizmi, paroksizmal düýşde gürlemeler).

2. Sensor tutgaýlary:

a) somato-sensor;

b) görüş;

ç) eşidiş;

d) ys alyş;
e) tagam duýuş.
3. Psihiki paroksizmler:
a) aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýy;
b) paroksizmal disforiýalar;
ç) paroksizmal gorkular;
d) paroksizmal psihopat görnüşli ýagdaýlar;
e) derealizasiýaly hem depersonalizasiýaly paroksizmal ýagdaýlar.
4. Sözleýiş paroksizmleri:
a) artikulýasiýany ýitirdýän tutgaýlar;
b) afatiki tutgaýlar.
5. Wegetatiw-wisseral (fokal) tutgaýlar.

KHT-10-daky garaguşagyrynyň ulgamlaşdyrylyşy paroksizmleriň has görnetinleriniň häsiýetlendirilmeginiň esaslandyrylyşydyr. Meselem, klaslaryň şeýle bölünişleri görkezilýär:

G 40.0 – tetaniýa bilen geçýän fokal idiopatiki garaguşagyry (çaga garaguşagyrysy – ojagynyň çekge ýa-da ýeňse bölümlerinde ornaşýany bilen);

G 40.1 – aňyň ýitirilmezligi bilen geçýän fokal simptomatiki garaguşagyry (ýa-da ikinji nobatda-tutuşlaýyn tutgaýlar bilen);

G 40.2 – aňyň alagaraňkylykdaky ýaly bulaşmasy bilen geçýän fokal simptomatiki garaguşagyry.

G 40.3 – tutuşlaýyn idiopatiki garaguşagyry (mioklonus – garaguşagyry, piknolepsiýa, maşgala neonatal tutgaýlar, grand mal görnüşli ilkinji-tutuşlaýyn tutgaýlar);

G 40.4 – tutuşlaýyn garaguşagyrynyň gaýry sindromlary (Salaamowyň tiki, Leonoks-Gastonyň sindromy, Uestiň sindromy);

G 40.5 – garaguşagyrynyň aýratyn görnüşli sindromlary (Koźewnikowyň garaguşagyrysy, meýli içgileri içmek, derman serişdelerini kabul etmek, ukudan galma, güýçli psihiki şikeslenme almak, endokrinopatiýa bilen baglanyşykly bolan garaguşagyry);

G 40.6 – hasaba alnyp – mälim edilmedik grand mal tutgaýlary (petit mal bilen utgaşykly bolmagynyň mümkinçiligi bilen);

G 40.7 – hasaba alynmadyk petit mal tutgaýlary (grand malsyz);

G 40.8 – fokal hem-de tutuşlaýyn görnüşlere goşulmadyk tutgaýlar;

G 40.9 – hasaba alynmadyk garaguşagyry.

*Kliniki keşbi.* Keseliň has äşgär ýüze çykýan alamatlary dürli görnüşli garaguşagyry tutgaýlarydyr.

**Generalizirlenen tutgaýlar.** Eger-de fokallygy düýbünden ýüze çykman toniki sudorog bilen geçýän tutgaý bolsa (grand mal), onda ol ilkinji tutuşlaýyn tutgaý (grand mal) hökmünde häsiýetlendirilýär. Eger-de fokallygyň hiç bir kliniki

alamaty ýüze çykarylmasa, onda ol şeýle alamatlaryň barlygynda ikinji tutuşlaýyn hökmünde häsiýetlendirilýär. Ilkinji tutgaýyň döremegi meýli içgini içmegiň, psihiki şikeslenmäniň, somatiki keselleriň itergisinden hem bolup biler, ýöne soňra tutgaýlaryň döremegi şol görnüşdäki trigger sebäpsiz (faktorsyz) döräp biler. Tutgaý başlanan badyna näsagyň reňki solup agarýar, ol çirkin gygyrýar, huşuny ýitirip ýykylýar. Şeýle haldaky näsag ýere, suwa, oda, ýiti we kesiji zatlaryň üstüne, mahlasy töweregindäki islendik, şol sanda jana howply zadyň üstüne-de gürpüldäp ýykylyp biler. Şol pursatda onuň ýüzüniň myşsalary gurup çekişýär, kellesi haýsydyr bir gapdala öwrülýär-de ters tarapa gyşaryp sallanýar, äňdir-eňegi gyşarýar, göreçleri giňelýär, gözleri agdarlyp ýokary tarapa seredýär, el-aýaklary güýçli dartylýar, barmaklary, ýumrugy düwülýär we köplenç halatda, başam barmak ýumrugyň içine düşýär-de, beýleki barmaklar bilen daşyndan berk gysylýar. Şol pursatda näsag özygtyýarsyz buşugyp hem, uly täret edip hem biler. Alamatlaryň şeýle yzygiderlikde geçmegi tutgaýyň toniki tapgyryny emele getirýär-de, ol 10-30 sekunt dowam edýär. Soň näsagyň ýüz myşşalary tirpildäp başlaýar.

Eňekleri biri-birine urup şakyrdaýar, çeýneşip, şakyrdaşyp duran dişleriň arasyna düşen dil güýçli dişlenilýär, dodaklarda gana boýalan köpürjikli tüýkülik peýda bolýar we agzyň burçlaryndan akyp durýar. Hut şol wagt hem el-aýaklar sandyraşyp silkelenişip başlaýar. Olar başda bir tarapky el-aýakda bolup başlaýar-da has güýçli ýüze çykýar. Soňra barha bat alyp güýçlenýän myşsalaryň çekilmesi bedeniň ähli ýerlerine ýaýraýar. Badynyň güýçlenmesi bilen soňabaka ýygjamlygy seýrekleşýär. Huş ýitirilýär (koma) siňir refleksleri döremeýär, göreçler giňelýär, olaryň ýagtylyga (şöhlä) bolan refleksleri bolmaýar. Duýdansyz buşugma, uly täret etmäge erksiz ýykgyn edilýär. Dem alyş haşlama sesli geçirilip, stertoroz görnüşde bolýar: demigip haşlama ýuwaş-ýuwaşdan peselýär. Tutgaýyň şeýle geçýän kloniki tapgyry 1-2 minut dowam edensoň komanyň ýa-da seňselemäniň döremegi bilen tamamlanyp, kähalatlarda hassa uka gidýär. Kähalatlarda koma bilen ukynyň bolmazlygam mümkin. Başdan geçirilen garaguşagyry tutgaýy huşda galmaýar, ýagny, köplenç halatda şolaryň öňüsyrasynda bolup geçen zatlar huşda galmaýar, ýöne käbir näsagyň hakydasynda diňe tutgaýyň tutup başlan pursaty galýar. Tutgaýdan soň günüň dowamynda näsagyň keýpiniň peselmesi, işdäsiniň kesilmesi, kellagyrylaryň, endamyň soka salnan ýaly bolup syzlaşyp durmasy, argynlyk ýaly ýagdaýlar hem bolýar.

Käbir halatlarda (aýratyn-da çagalarda) myşsa-siňir gurýan tetaniki uly tutgaýlar adaty tutgaýlara meňzemän obortiw (birden kesilip duran) bolup, kloniki toniki gurmalar ýa-da diňe myşsa-siňirleriň düwlüp gysylyp (amiotoniki tutgaý) gowşamasy bilen ýa-da göwräniň haýsy-da bolsa bir tarapynda tetaniki tutgaýlaryň görnetin döremegi bilen geçýär. Garaguşagyry statusy (status epilepticus) diýlip, köp minutlar hatda köp sagatlar dowam edýän (ýa-da gysgamöhletli arakesmeler bilen geçýän) koma ýagdaýyndan çykarmaýan, yzly-yzyna tükeniksiz tutup durýan

uly garaguşagyry tutgaýlaryna aýdylýar. Kähalatlar näsag garaguşagyry statusyndan çykyp bilmän ýogalýar.

Kiçi tutgaýlaryň (petit mal) bir topary tutgaý komponentinden dyndarlan hem bolsa, tutuşlaýyn paroksizmleriň toparyna girizilýär. Dürli görnüşlerde ýüze çykýan şeýle ýagdaýlar aýratynam çagalara häsiýetli bolýar.

Kiçi tutgaýlaryň kategoriýasyna adaty kiçi tutgaýlaryň toparyna impulsiw hem propulsiw tutgaýlar girýär. Adaty kiçi tutgaýlar diýlip ýönekeý hem çylşyrymly absanslaryň (absence-ýoklugy) bolmaklygyna düşünilýär. Ýönekeý absans biçak gysga möhletli (1-15 sekunt) bolup, huşuň doly ýitirilmegi bilen ýüze çykyp, nazaryň gymyldadylman saklanylmasy we göz almalarynyň ritmiki sandyramasy bilen geçip, näsagyň duran ýerinden ýykylman saklanyp bilmegi bilen häsiýetlenýär. Şeýle tutgaý duýdansyz başlanyşy ýaly birdenem tamamlanýar. Çylşyrymly absans aň-huşuň gysgamöhletleýin ýitirilmeginden daşary öz düzüminde aýry-aýry myşsalar toparynyň tonusynyň özgerip durmagyna-da, galapyn, myşsalaryň ýokarky böleklerinde – ýüzüň, boýnuň, elleriň myşsalarynyň gowşamagyna (näsagyň galdyrlan eli ýokarda saklanyp bilmän aşak sallanýar, eňegi gowşap halparýar we ş.m.) we dürli wegetatiw bozulmalaryň (ýüzüň, eliň reňkiniň özgermegine, üsgülewük tutmagyna, asgyrma we peşewini saklabilmezliginiň) döremegi bilen geçýär. Olaryň aýratynlyklaryna baglylykda absanslaryň atoniki, miokloniki we wegetatiw görnüşleri bolýar.

Çagalarda duş gelýän piknoleptiki tutgaýlar, huşuň gysgamöhletleýin ýitirilmesi, ýüzüň reňkiniň agarmasy, sülekeýiň köpelip akyp durmasy we hereketleriň aýratyn görnüşli tersine, yza tarap ugrukdyrlyp kelläniň yza tarap gyşardylmagy, elleriň yza tarap serilmegi, gözleriň agdarylyp ýokary galdyrylmagy bilen ýüze çykýar.

Kiçi tutgaýlaryň statusy has seýrek duşup yzly-yzyna dynman birnäçe sagat, hatda birnäçe gün dowam edip geçýän tükeniksiz tutgaýlaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Tutgaýlaryň aralygynda az möhletli arakesme wagtda-da näsaglar huşuna gelmänsoň, olaryň alagaraňkylyk ýagdaýynda galan ýalylygyna güman etdirýär.

Ýalan absanslar – gysgawagtlaýyn huşuň ýitirilmegi bilen ýüze çykyp, tutgaýlynyň nazary üýtgedilmän saklanyp, bir nokada dikilip durýar, hakyky absanslardan has uzaga çekmesi, haýal beterlemesi we öňki kaddyna gelmesiniň gijigmesi bilen tapawutlanýar. Olar has ýiti bolan wegetatiw özgermeler arkaly ýüze çykyp, güň bolma bilen tamamlanýar. Soňunyň nähili gutarjaklygy baradaky çaklamalar ýalan absanslaryňkyda hakyky absanslara garanyňda has oňaýsyz bolýar.

Esasan, ýetginjeklige ýetilmeziniň öňüsyrasyndaky hem ýetginjek ýaşlylarda döreýän miokloniki (impulsiw) tutgaýlar göwräniň ýokarky myşsalarynyň – boýun, egin, iki eliň (seýrek halatda ähli göwräniň) myşsalarynyň duýdansyz «çekip başlamasy» bilen ýüze çykýar-da, näsag şol pursatda elindäki zatlaryny saklap bil-

män gaçyrýar. Şeýle tutgaýlar, adatça seriýalar görnüşde (15-20 sapar yzly-yzyna) ýüze çykyp, arakesmeleri birnäçe sagat dowam edýär.

2-3 ýaşly çagalara häsiýetli bolan akinetiki (propulsiw) tutgaýlar kliniki taýdan göwräniň, ähli durkuň, aýratynam kelläniň öňe tarap gönükdirilen hereketlenmeleri bilen ýüze çykýar. Muňa kelläňi duýdansyz silkeläp başlama («baş atma»), kelläniň aşak hem öňe tarap güýçli yralanmagy («oýkalaýan ýaly hereketleri etme»), biliňi epläp göwräňi herekete getirme bilen elleriňi gapdallara uzatma (Salamow tutgaýlary) hem-de dik duran çaganyň gürpüldäp birden öňe tarap ýykylmagy, görnüşindäki astatiki (aýak üstünde durup bilmezlik) tutgaýlar girizilýär. Propulsiw tutgaýlar bir aýdan birnäçe aýa çekýän döwür aralygynda ýüze çykyp, tutgaýlaryň ýygjamlygy biri artyp, şolaryň sany her günde onlarça ýetip, soňra olaryň her gije-gündizde bolýan sany ýuwaş-ýuwaşdan azalýar. Şeýle tükeniksiz yzygiderli tutgaýlaryň seriýasynyň arakesme aralyklarynyň ep-esli uzaga çekýän mahallary-da (birnäçe aýlap) seýrek däl. Akinetiki tutgaýlar, adatça dizontogeniýaly hem-de çaga göwredekä beýnisine salnan organiki zeperlenmäni (dogabitdi gidrosefaliýaly, ysmazly, mikrosefaliýaly we şuňa meňzeş) şikesli çagalarda duş gelýär. Şeýle çagalaryň käbirinde tutgaýlar döremezinden ozal psihiki we fiziki ösüşden yza galynýanlygy hem mälimdir. Tutgaýlaryň döremegi bilen nerw-psihiki ösüşiň görnetin togtamagy, hatda ozal alnan hereketlenme hem gürläp bilme endikleriniň ýitirilýänligi hem ýüze çykaryldy.

Akinetiki tutgaýlar bejergisi çetin bolan Westiň (West) we Linnoks Gastonyň (Linnox-Gastaut) mekdep ýaşyna ýetmedik çagalarda duşýan beýni gabygynyň maňlaý-çekge bölümleriniň atrofiki görnüşindäki bozulmasyndan baş atma, çokýan ýaly hereketleri etme, Salamow tutgaýlary ýaly köplenç halatda tutuşlaýyn hem fokal (çäklendirilen ojak) tetaniki tutgaý bilen geçýän ýagdaýlara hem psihikanyň ösüşini togtadýan sindromlara meňzeşlerimikä diýdirýär.

Lennoks-Gastonyň sindromynyň çäklerinde, haýsynda beýni gabygynyň we şonuň infrakortikal düzümleriniň patologiýasynyň esasy bolýanlygy sebäpli akinetiki tutgaýlaryň, tetaniki we toniki gysylmalarynyň, atipiki absanslaryň akyl ösüşiniň yza galmagy bilen psihomotorikanyň ösmezligi utgaşýar.

Beýni sütüniniň rostral (bölüminde ýerleşýän garaguşagyry ojakly wegetatiw wisseral (diensefal) tutgaýlar pulsuň we dem alşyň çaltlaşmasy, derlemäniň we buşugmanyň güýçlenip çaltlaşmasy, gyzgynyň galmagy, göreçleriň giňelmegi, ögemek we üşüdip sandyrama ýaly diýseň dürli görnüşlerdäki bozulmalar bilen häsiýetlenýär.

**Ojaklaýyn (fokal) tutgaýlar.** Jekson tutgaýlarynyň (kelläniň beýleki tarapyndaky ýarymtogalagynyň beýni gabygynyň alynky merkezi egreminde ýerleşýän garaguşagyry ojagy) ýüzüň ýa-da el-aýaklaryň (köplenç halatda penjäniň) toniki çekmesi bolup, ol tutgaýyň dowam etmeginde uly (tutuşlandyrylan) garaguşagyry tutgaýyna-da ýazyp biler. Şeýle paroksizmleriň ekswizit

görnüşlisi kloniki tutgaýlaryň ýuwaş-ýuwaşdan ýaýramagy sebäpli (ýüz muskullaryndan el muskullaryna) göwrä we aýaga tarap aşak süýşmegi ýaly ýagdaýa «Jekson marşy» diýilýär.

Adwersiw (adversio-gapdala sowma) tutgaýlar (garaguşagyry ojagy beýni gabygynyň maňlaý ýa-da alynky-çekge bölümlerinde ýerleşeninde) gözleriň agdarylyp agardylmagy, kelläniň bir gapdala sowlup gyşardylmagy hat-da tutuş göwräniň şol ojagyň ýerleşen ýeriniň tersine tarap öwrülmegi bilen ýüze çykýar. Köplenç halatda, eplenip ýokary galdyrylan şol gollaryň garaguşagyry ojagynyň tersine tarap uzadylmagy bilen ýüze çykýar. Şu dürli görnüşli ýygjam duşýan paroksizmleriň ikisiniň hem maglumatlary motor fokal tutgaýlaryna degişlidir.

Sensor («psihosensor») tutgaýlar fokal tutgaýlarynyň seýregräk duşýan toparyna girýär. Muňa somatosensor, görüş, eşidiş, ys alyş we tagam duýuş tutgaýlary hem girizilýär. Şolara mahsuslykda garaguşagyry ojagy beýni gabygynyň çekge-süýrdepe, ýa-da yzky merkezi egremlerinde ýerleşýär. Tutgaýlaryň şu topary kliniki taýdan üç görnüşde ýüze çykýar: gallýusinator, illýuzor we adaty gallýusinator görnüşlisi has çylşyrymly duýgy kabul edilişine, ýagny görüş, eşidiş, ys alyş, tagam duýuş gallýusinasiýalary bilen ýüze çykýar. Illýuzor görnüşlisi mahsus bolan adaty kabul edilmäniň gysgamöhletli duýdansyz ýogalmasy, adaty görnüşlisi bolsa – endamyňa bir zadyň dürtülýänligi duýgusynyň ýitirilýänligi «endamyňda garynja ýörmeläp ýörenligi», agyrylary, sowugy, yssyny, ýiti şöhleleriň ýalpyldap gitmegini, gözüň garaňkylamasyny duýmak ýaly paroksizmal ýagdaýlaryň peýda bolmagy bilen häsiýetlenýär. Adaty görnüşdäki başdan geçirmeler birtaraplaýyn bolanda ol sensor şekilli tutgaýlar hasaplanýar.

Psihiki paroksizmleriň arasynda has ýygjam duşýanlary alagaraňkylykda bolunýan ýalylykdyr. Duýdansyz döreýän gysgamöhletli (birnäçe minutdan birnäçe sagada, seýregräk birnäçe güne çekýän) aňyň şol patologiki daralmasy bilen geçýän tutgaýlar bolup, onuň döwründe näsaglar niredeligini, näme edip ýörenlerini bilmän, başyndan agyr hupbatlary geçirip ugursyz güýçli gorkudan, howsalalanmadan biçak güýçli gazaba gelmekden, ýiti görüş we eşidiş gallýusinasiýalardan (tutaşyp lowlaýan ot, üstüne sürünip hüjüm edilme, gana gözi düşme ýaly elhenç zatlary görme we ş.m.) we üzlem-saplam görnüşdäki yzarlanyş we ýowuzdan ýaman rehimsiz serediş ýaly zatlary görýär. Ellerini owkalap hem çapak çalyp, zatlary we geýim-gejimleri zyňyşdyryp, pytradyp, zaýalap, manysyzdan düşnüksiz sözleri aydyp, soňundanam ähli bolan zatlary hakydasyna getirip bilmeýärler. Şol döwürde näsaglar daş-töweregindäkilere howp döredip biler.

Ambulator awtomatizminiň has uzaga çekip (birnäçe gün dowam edýänleri) trans diýlip atlandyrylýanlary ýöremedir-gezmeleme, ylgama, öýüň töwereginde, köçede bimaksat aýlanma, hatda ulaglara münüp nirädigini bilmän näbelli ýerlere başyny alyp gitme bilen häsiýetlenip, soňundan şol edilen hereketler ýatdan doly çykarylýar.

Paroksizmal disforiýalar gysgamöhletli bolan keýpiň bozulyp gahar-gazaplyga gelinilmegi, dawalaşyp çöwjemäge, uruşdyr-dawa turuzmaga döwtalap bolmak bilen häsiýetlenip ýüze çykýar. Psihopat görnüşli paroksizmal ýagdaýlar (çagalara has häsiýetli bolup) eýforiýa (keýpiň göterilmesi) güýçli gyzmalyga gelme, dawalaşaganlyk, hereketlenmeleriň patyrrakylanyp başyna goýberilme we zalymlyk görkezme bilen ýüze çykýar.

Psihiki tutgaýlaryň aýratyn görnüşlisi-paroksizmal döreýän ýagdaý bolup, ozal hiç haçan görülmedik zat (jamais vu) hiç wagt başdan geçirilmedik (jamais vecu) waka bolup, şonda gowy tanyş, hatda endik edilip öwrenşilip gidilen zady näsag ozal hiç haçan görmedik nätanyş zat hökmünde ilkinji gezek görýän ýaly kabul edýär. Deja vu (ozal görlen) deja vecu (ozal başdan geçirilen) diýlip ozal görlüp-eşdilmedik ilkinji gezek görülýän nätanyş zatlaryň ozal görlen gowy tanyş zatlar hökmünde kabul edilmegidir. Şeýle psihiki fenomenler kabul edilişiň ýadyň hem ünsüň gatnaşmagynda geçip, adatça näsag üçin garaşylmadyk duýdansyz zat bolup, tiz wagtdanam aýrylyp gidýär.

Köplenç halatda, çagalarda we ýetginjeklerde duş gelýän wegetatiw-wisseral fokal tutgaýlar diňe haýsydyr bir wegetatiw funksiýanyň-kelleagyry, içagyrylar, başaýlanma, huşuňy ýitirme, ögeme, dem gysma, ses perdeleriniň tetaniýasy ýaly gysgamöhletli bozulmalar bilen ýüze çykýar.

**Psihikanyň durnukly özgermeleri.** Bulara keseliň geçişinde barha beterleýän gylyk-häsiýetiň özgermeleri girýär. Garaguşagyry özboluşly häsiýetli psihopat görnüşli bolup, kesel uzaga çekip juda agyrlaşanda kemakyllyga getirýär. Gylyk-häsiýetiň has görnetin ýüze çykyp gözedürtme bildirýänleri: hereketiň we pikiriň haýallamagy, süýnüp sarkaganlygyň, yrsaragan girriklik bilen utgaşan biperwaýlyk öz-özüňden başga zady bilmezlik, hondanbäri bolup özünden başga hiç bir kesi hasaba almazlyk ýaly häsiýetler has äşgär ýüze çykýar. Biperwaýlyk ýöntemleşdirilen salykatlylyk, uşakçyllyk, töwerekdäkilere esassyz talapkärligi, kähalatlarda gahar-gazaply öçlüligi bildirmeklik bilen ýüze çykýar. Tämizden sypaýy geýnip, arassalygyň, düzgün-tertibiň berjaý edilmegini gaty gowy görmek olara mahsusdyr. Eger-de olaryň haýsydyr bir zady bolmaly ýerinde ýok bolsa gaharlary gelip dawa turuzýarlar. Endik edilip öwrenilen işi janypkeşlik bilen diýseň yhlasly hem göwnejaý ýerine ýetirýärler. Edýän gürrüňlerinde gereginden artyk çintgemeklik edilýär. Näsag gürlände gepini süýndürip, haýallyk bilen gepläp, gepini çendenaşa çintgeýär, edýän gürrüňini başga bir zatlara sowup bilmän kynlyk bilen üýtgedýär-de, ozalky zatlar doly görnüşinde aýdylmady diýip, öňki gozgalan gürrüňe ýene dolanmaga çalyşýar.

Garaguşagyryly näsaglar öz bähbitlerini ret edip, peseldip halymsyrama bilen wezipeleri ýokarylaryň öňünde ýaýaplaşyp, ýaranjaňlyk edip, artykmaç salykatlylygy görkezmäge çalyşýarlar. Kähalatlarda olaryň özlerini şeýle alyp barmaklary tagaşyksyzdan ýigrenji bolan öte ýaranjaňlyga meňzäp, hojaýynyň göwnünden

turmaga gönükdirilýär. Özüniň golastyndakylara welin olar ýowuz darap, birehimlikdir zalymlyk edýärler. Olar özleriniň aýdanlarynyň gylyny gymyldatman ýerine ýetirilmegini talap edýärler. Näsaglar hemişe kanuny ýol bilen ýöremäge dyrjaşyp ahlaklygyň, düzgün tertipleriň kadalarynyň gyşarnyksyz saklanylmagyna çalyşýan hem bolsalar, hakykatda öz maksatlaryna ýetmek üçin şol düzgün-tertipleri bozmakdan hem gaýtmaýarlar. Olaryň bähbidi aralman, göwünlerine ters gelýän nämedir bir zatlar edilse, onuň öz isleýän tertip-düzgüni bozulsa, gaharlaryny getirip dawa-jenjel turuzýan ýerleri-de bolýar. Olar haýsydyr bir gaty gören zatlaryny hakydasynda uzak wagtlap saklap, kalplarynda dörän kitüwi ýaşyryp gezip, pikir-hyýalynda çemi gelende göwnüne degenden ar alma hyjuwynda gezýärler.

Käbir näsaglaryň keseliniň oňaýsyz geçmeginiň netijesinde garaguşagyry kemakyllygy hem döreýär. Şeýle bolanda olaryň pikirlenişi kütelip, söz baýlyklary çäklenip azalýar (oligofaziýa). Gürrüňi lenç edilen gep-gürrüňleriň bolgusyz aýlawlary bilen doldurylýar. Näsag esasy zady bolgusyzyndan tapawutlandyryp bilmän kösenýär. Pikirlenişiň, ýazma arkaly zatlary kesgitli beýan etme häsiýeti, nakyldyr ýomaklaryň düýp manysyna, olaryň gizlin syryna, aýlawly many-mazmunyna düşünmesi kynlaşýar. Näsagyň nämeleredir bir zatlara höwes edip gyzyklanmasy durmuşda ulanylýan käbir zatlar bilen çäklendirilip, ünsüniň köpüsini öz ýagdaýyna gönükdirýär. Näsagda ynjykly yrsaramaklyk bolup, ipohondriki ýagdaý ýüze çykýar; keseliniň agyrlygyna salgylanyp nähilidir bir bähbidi aramaga çalyşýar. Näsaglaryň ýaranjaňlygy öte geçirilip betgelşik görnüşe öwrülýär. Olar ilgezeklik bilen lukmana hassahana bölüminde tertip-düzgünleriň bozulmagyny jikme-jiklendirip aýdýarlar. Şonda hetjikleme bilen suwumsyzlyk edip çaganyň öwülşi ýaly ýerliksiz sözleri suwjardyp ulanýarlar, onuň göwnüni tapyp özlerine ynandyrmaga, yrmaga çalyşýarlar. Soňabaka olaryň huşy hem biçak ýokary derejede peselýär, ýöne şeýle-de bolsa, aýratyn ähmiýetli, esasan-da özüne degişli bolan maglumatlary olar hakykatdan-da bek saklaýarlar.

Keýpleri hemişe pes, ýüzleri salyk bolup, kähalatlarda ynjyklyk edip gyzmalygy, hötjetligi görkezýän wagtlary-da bolýar, gaharlanyp urşup başlamakdan hem gaýtmaýarlar. Näsaglaryň daş görkem görnetin özgerýär: ýüzi-gözi, endamy ýellenip, gögümtil öwüsýän gözleriniň töwereginde çişler peýda bolýar. Gözleri süzülip, ýüz-gözüniň hereketi peselýär.

Garaguşagyry psihozlary – juda bir ýygy duşýan kesel bolman, ortaça hasapdan näsaglaryň 2-5%-de gabat gelýär. Garaguşagyra ýiti psihozlar häsiýetli bolýar. Psihozlaryň arasynda has ýygy duşýanlary psihotiki önüm alamatly bolan aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýydyr. Ýöne garaguşagyry keselinde paroksizmal görnüşde döreýän psihozlar hem ýüze çykýar, olaryň mazmuny welin näsagyň hakydasynda galýar. Adatça, şolar diýseň fantastiki (toslama) görnüşdäki başdan geçirmeler bilen häsiýetlenip, oneýroid ýagdaýyny ýatladýar (köplenç halatda durmuş mazmunly görnüşlerde) ýa-da ulgamlaşdyrylmadyk yzarlaýjy paranoid,

aýry-aýry eşidiş hem görüş gallýusinasiýalary, illýuziýalar, kähalatlarda psihiki awtomatizmler bilen geçýär. Psihozlar tetaniki adaty tutgaýlardan soň hem, olaryň öňüsyrasynda hem bolup biler. Şeýle-de tutgaýlar baglanyşyksyz hem döräp biler. Dowamly psihozlar seýrek duş gelýär. Olarda paranoid ideýalary adaty durmuş ýagdaýlarynyň mazmunyna, kähalatlarda dine degişli bolup, seýregräk halatlarda täsir ediş ideýalary ýüze çykýar.

Depressiýalar nägilelik, ynjyklyk, kähalatlarda gahar-gazaplylyk bilen utgaşýar.

Garaguşagyrynyň geçişi köplenç halatda güýçlenme bilen häsiýetlenip, tutgaýlaryň ýygylygy barha artýar, paroksizmiň täze görnüşleri peýda bolýar, şahsyň kemislenmesi artýar, huşy peselýär.

Alamatlaryň sanynyň artmagy näsaglaryň ählisinde birmeňzeş bolman, epesli derejede tapawutlanýar. Çagalykda başlanyp tiz wagtyň içinde maýyplyga hem akyl-huşuň gödek görnüşde peselmegine, ýagny oligofreniýa getirýän has agyr görnüşleri hem bar. Seýrek tutgaýly, süňňüne uly şikes salman, kärine-de känbir zyýan ýetirmeýän oňaýly geçýänleri-de bolýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Ýokarda görkezilen alamatlaryň esasynda garaguşagyry keseliniň kesgidini goýmak şeýle bir kyn we çylşyrymly bolmaýar (aýratyn-da şu kesele mahsus bolan şahsyň özgermeleri, şeýle-de absanslar we gaýry kiçi tutgaýlar bolanda). Kesel giç başlananda, şahs özgermeleri çala bildirende, ondaky alamatlary bolmanynda kynçylyklar döreýär. Garaguşagyry psihozynyň kesgidi goýlanda bolsa has uly kynçylyklar döreýär. Epileptiform işjeňliginiň üstüni açmakda iň wajyp usullaryň biri elektroensefalografiýadyr (EEG). Tetaniýa ýagdaýyna taýynlygyň peselenligini EEG-de ýokary amplitudaly ýiti razrýadlaryň ýa-da haýal tolkunlaryň barlygy, paroksizmal görnüşde emele gelýän pikleriň we toplumlaryň (kompleksleriň) «pik-tolkuny» döremegi tassyklaýandyr. Ýöne şu fenomenleriň käbiriniň tut ýaly sag adamalaryň 5-20%-de duşýanlygyny hem nazara almalydyr. Şol sebäpli-de elektroensefalografiýa usuly öňi bilen kliniki kesgidiň tassyklanylmagy, geçirilýän bejerginiň aýyl-saýyl edilmegi, şeýle-de beýniniň çäkli zeperlenme alamatlarynyň üstüni açmak üçin ulanylmalydyr.

Garaguşagyry (garaguşagyra meňzeş) keseliniň adaty alamatlarynyň bolmagy, entek garaguşagyry keseliniň gürrüňsiz barlygyny aňlatmaýar. A. I. Boldyrýew (1984) hakyky garaguşagyry keseli bilen garaguşagyry sindromyny hem onuň reaksiýalaryny tapawutlandyrmany teklip etdi.

Garaguşagyry sindromy tutgaýlaryň durnuklylygy hem gaýtalanýanlygy bilen tapawutlanýar, beýniniň köpsanly organiki kesellerine häsiýetli bolýar. Meselem, paroksizmleriň (tutgaýlar, aňyň alagaraňkylykdaky ýaly ýagdaýy, psihosensor bozulmalar) 30 ýaşdan geçenlerde peýda bolmagy kelleçanak içre dörän çişleriň, kistalaryň, çişi ýatladýan beýnidäki beýleki proseslerіň alamatlarynyň ilkinji suratda ýüze çykýanlarydygy hem seýrek halat däl. Garaguşagyry görnüşli tutgaýlaryň sebäbi beýniden daşary gormonal işjeň çişlerem (insuloma) bolup biler.

Garaguşagyry tutgaýlary beýni merezýeliň geçişiniň giçki tapgyrlarynda-da, progressiw paraliçde, beýni aterosklerozynda, Alsgeýmeriň keselinde bolup biler. Agzalyp geçilen şu keselleriň bejergisine başgaça çemeleşmäni talap edip, soňunyň nähili gutarjaklygynyň çen-çak edilişi garaguşagyry keseliniňkiden tapawutlanýar.

Garaguşagyry reaksiýalary aram-aram döräp, daşarky keselledíji ýagdaýlaryň ýetirýän täsiri bilen içgin baglanyşykly bolýar. Şol zyýanly täsirleriň bolmadyk ýerinde olar hiç haçan ýüze çykman hem biler. Garaguşagyry reaksiýalaryna çagalarda bolýan febril tutgaýlaram, abstinent sindromly arakhorlarda aram-aram döreýän tutgaýlaram, eklampsiýanyň geçişinde ýüze çykýan tutgaýlaram mysal bolup biler. Tutgaýlary elektroşikeslenmeler, senagat maddalaryndan zäherlenmek (gurşun, organiki eredijiler we ş.m.) ulanylýan dermanlaryň käbirleri (kamfora, bromkamfora, korazol, bemegrid, ketamin, prozerin we holinesterazanyň gaýry ingibitorlary) ýada barbituratlaryň berilmeginiň çürt-kesik goýdurylmagy hem döredip biler.

Garaguşagyry keseliniň tutgaýlaryndan kakyn tutgaýlaryny tapawutlandyrmak möhümdir. Kakyn tutgaýlaryna özüni kakabaş alyp baryp ile göz bolma, özüni nadaralyk bilen töweregindäkilere göz edip, özüniň «menini» aýan etme häsiýetli bolýar. Garaguşagyry keseliniň tutgaýlaryndan tapawutlylykda kakyn tutgaýlary ýaýbaňdan köpgörnüşli, belli bir düzümde tapgyrlaýyn geçirilmezligi we birkysmy meňzeşligi bilen tapawutlanýar. Ýöne psihiki şikeslenmeden dörän garaguşagyrylylarda-da kakyn tutgaýlarynyň başlamagy mümkindir.

*Bejergisi.* Kesel, köplenç halatda dowamly görnüşde geçip, onuň doly suratda gutulmasyny gazanyp bolmaýar. Geçirilýän bejergi işleri tutgaýlaryň ýygylygyny azaltmaga, şahs özgermeleriniň ýumşadylmagyna hem garaguşagyryly psihozlaryň döremeginiň öňüniň alynmagy bilen olaryň ýatyrylmagyna gönükdirilýär.

Paroksizmleriň döremeginiň öňüniň alynmagy üçin garaguşagyry keselinde tetaniýanyň garşysyna gönükdirilen serişdelerden peýdalanyp, olar uzak ýyllaryň dowamynda arasy kesilmän ulanylýar. Bejergide geçirilýän islendik özgerişler seresaplylyk bilen amala aşyrylyp, ýuwaş-ýuwaşdan geçirilýär. Berilýän dermanlaryň möçberini azaltmak ýa-da berilmesini düýbünden kesmek uzak wagtlap (3 ýyldan az bolmadyk möhletiň dowamynda) paroksizmleriň düýbünden bolmazlygynda ýuwaş-ýuwaşdan azaldylyp geçirilýär, çünki näsagy dermandan birbada kesmek keseliň beterlemegine getirýär.

Derman serişdeleri paroksizmleriň görnüşlerine laýyklykda (barbituratlar, difenin, depakin we hlorakon-tetaniýaly uly tutgaýlar bolanynda, etosuksimid, trimetin toniki kiçi tutgaýlar bolanda) saýlanyp alynýar. Eger-de tutgaýlaryň birnäçe görnüşleri we olaryň ekwiwalentleri utgaşanda giňişleýin täsir edýän derman serişdeleri (karbamazepin, lamiktol, depakin) ulanylýar. Dermanyň gerekli möçberi ýuwaş-ýuwaşdan köpeldilýär.

Tutgaýlaryň döremeginiň öňüni almakda spesifiki bolmadyk usullardan hem peýdalanylýar. Meselem, garaguşagyry keselinde asidozy güýçlendirýän (diakarb)

serişdäniň ulanylmagy peýdaly bolýar, nootroplardan (ensefabol, pikamilon, glýutamin kislotasy, korteksin) we witaminlerden, aýratyn-da B toparyna girýänleri giňişleýin peýdalanylýar.

Berhiz tutmakda duzuň we suwuk zatlaryň ulanylmagynyň çäklendirilip azaldylmagy, kofe we ajy gara çaýyň içilmezligi maslahat berilýär. Näsaglar agyr zatlary götermekden gaça durmalydyr, gijelerine işlemekden boýun gaçyrmalydyr. Meýli içgileri içmek, çilim çekmek olara gadagan edilýär. Ulag sürmek, hereketlenýän mehanizmler ýaly howply zatlaryň gapdalynda, suwda işlemek olara bolmaýar.

Şahs özgermeleriniň, ýagny oňşuksyzlygyň, gaharjaňlygyň ýumşadylmagy üçin karbamazepiniň, neuleptiliň, sonapaksyň, etaperaziniň ulanylmagy maslahat berilýär. Garaguşagyryly psihozlaryň döremeginiň öňüni almak üçin sedatiw täsirli neýroleptikler (aminazin, tizersin, galoperidol, trisedil) ulanylýar.

## 26-njy bap. Psihologiki ösüşiň bozulmalary. Gürleýişiň kämilleşmesiniň spesifiki bozulmalary

Düşünmäniň we şondan önjeýli peýdalanmanyň bozulmalary gürleýiş kommunikasiýasynyň aşakdaky esasy görnüşlerine degişli bolup biler: gürleýşiň görnüşlerine (pikirleniliş esasyna bap gelmezligine); onuň mazmunyna (pikirleriň gürleniş görnüşine geçirilişiniň adaty bolmalysyna laýyk gelmezligine) we diliň funksional ulanylyşyna (gürleýşiň görnüşleriniň gündelik durmuşda döreýän meseleleriň çözgüdine ulanylyşyna laýyk gelmezligine).

**Gürleýşiň aýdyňlygynyň spesifiki bozulmalary.** *Epidemiologiýasy.* Bozulmanyň ýaýraýşynyň giňişligi 8 ýaşa ýetmedik çagalarda 10%, 8 ýaşdan geçenlerde bolsa takmynan 5%-e barabardyr. Gyzlara garanyňda oglanlarda şu bozulma agyr-ýeňilligi bilen tapawutlanman 2-3 esse kän duşýar.

*Etiologiýasy.* Barlag geçirenleriň aglabasynyň pikirine görä, bozulma düşünip bilmeklige bolan ýetmezçilik hem çaga terbiýelenende dil öwredilişi täliminiň berlişiniň kemterlik etmesi bilen baglanyşyklydyr. Eşidişiň ýaramazlygy, oňa gönümel degişli bolan nerw mehanizmleriniň ösüp ýetişmänligine bagly bolar. Şol bir wagtda-da, şol bozulmanyň hossarlaryň arasynda keselbentligiň ýokarylygy, şeýle-de etiopatogenezinde genetiki hem konstitusional ýagdaýlaryň belli bir roly oýnaýan bolmagy-da mümkin.

*Klinikasy.* Sesleri aýdyňdan düşnükli çykaryp bilmekligiň bozulmalary – olary nädogry aýtma, sesleriň käbirini daşyňa çykarman sypdyrmak, olary nädogrulary bilen çalşyrmak, seýregräk halatlarda bolsa, artykmaç sesleriň goşulyp

«çaga gürleýşi» diýilýän bazzyk-buzzuklama ýagdaýy bilen häsiýetlenýär. Şonda ilkinji sözlerdir jümleler wagtynda peýda bolup, söz baýlygam, gürleýşiň sintaktiki düzülşem dogry bolýar (sesleriň köpüsi 6-7 ýaşda, söz bölekleri 11-12 ýaşda özleşdirilýär). Ýagdaýyň agyrlaryna sesleriň çykarylman aýdylmazlygy, aramlylyklaryna sesleri çalşyrma, ýeňillerine bolsa ses bölekleriniň nädogry aýdylyşy häsiýetli bolýar. Sesleriň çykarylman aýdylmazlygy sözleriň ahyrynda ýa-da çekimsiz sesler toplananda duş gelýär.

Sözleriň ýoýulyp aýdylmasy ses bölekleri çykarylanda diliň duruşynyň nädogrulygynda sesleriň pyşyrdalyp ýa-da sykylyklanylyp çykarylmasy bilen şertlendirilendir; ol käwagt tötänlikde döreýän ýa-da hemişelik görnüşlerde-de bolup bilýär, şol çylşyrymly sözlemler ulanylanda we tiz gürlenilende has-da ýygy döregen bolýar. Ýoýlan sesler, köplenç halatda täze öwrenilen sözlerde döreýär. Ýoýulan sesleriň sany bozulmanyň agyr-ýeňilliginiň derejesini we gürleýşiň düşnüklidüşnüksizligini kesgitleýär. Bozulmanyň derejesi pes bolanda hemişelik saklanýan ýoýulma diňe belli bir sesi özgerdip biler.

Köplenç halatda, sözleýişiň ösüp kämilleşmeginiň soňky tapgyrlarynda sesler özgerdilip ýoýulyp, adatça dört ýaşlylarda (z, l, r, f, ç, ş), agyr ýagdaýlylarda bolsa üç ýaşda özleşdirilýän (b, d, k, m, n, p, t) sesler nädogry aýdylýar. Çekimli harplar hemişe-de dogry aýdylýar. Sag çagalaryň sözleriň bogunlaryny dogry aýdyşyndan tapawutlylykda, bozulmanyň agyr görnüşlisinde üç ýaşanlarda şonuň ýoýulyp aýdylyşy has-da äşgär üýtgäp, ýeňilräk görnüşlilerinde ol gijräk ýüze çykýar. Ýagdaýyň gowulaşmagyna çagalar bagynda bolmaklyk hem mekdepde okap başlamak oňaýly täsir edýär. Üçünji synpa ýetilende sözleriň bogunlarynyň ýoýulyp aýdylyşy aýrylyp gidýär, olar aýrylman uzaga çekende bolsa, ulurak ýaşa ýetenlerde-de onuň aýrylyp gitmesi gumana bolýar. Şeýle ýagdaýda ýörite bejergileriň geçirilmegi zerur bolup, ol näçe ir başlansa şonça-da gowy. Sözleriň bogunlarynyň aýdylyşynyň ýoýulmalary, köplenç halatda gürleýşiň, okabilmäniň, hereketleriňi dogry ugrukdyryp bilmäniň, emosional hem özüňi alyp barşyň bozulmalary, gijelerine ukudaka peşewini saklap bilmän düşege buşukmaklyk ýaly bozulmalar bilen utgaşýar.

*Kesel kesgidi.* Söz bogunlaryň gürleýişdäki spesifiki bozulmaly ýagdaýy şeýle görkezmelere gabat gelmelidir: 1) test usuly arkaly kesgitlenilýän bogunlary dogry aýdyp bilmek ukybynyň gyşarmalary çaganyň ýaşyna degişlilikdäki adaty derejelisinden iki esse aşak düşenliginden az bolmaly däldir; 2) söz bogunlarynyň ýoýulman aýdylyp bilme endiginiň test maglumatlary gyşarmanyň sözsüz bolan IQ-nyň adaty gyşarmalarynyň birine bap getirilýän çäklerden çykman, onuň bilen arabaglanyşykly bolmagy; 3) söz bogunlarynyň ekspressiw we reseptiw gürlenilíş endikleriniň görkeziji maglumatlary çaganyň şoňa degişli ýaşyndaky gyşarmanyň adatylarynyň ikisine golaýynyň çäklerinde bolmalydyr; 4) ses bogunlarynyň dogry aýdylyp bilinmegine gönümel täsir edýän ösüşiň umumy newrologiki, sensor ýa-da

beden agzalarynyň işleýşiniň bozulmalary munda bolmaýar; 5) IQ 70-den ýokary bolýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Söz bogunlarynyň sesleriň çykarylşynyň ýaşa baglylykda adaty bozulmalarynyň, şeýle-de alamatlarynyň biri hökmünde ýüze çykýan sesleriň bogunma-bogun çykarylyşynyň newrologiki gyşarmalary, eşidişiň bozulmalary, kemakyllyk, çaga autizmi (dünýäden doýan ýaly bolup hemme zatdan ýüz öwrüp, dymyp, öz içki durmuşyň bilen çäklenip ýaşamak we ş.m.) tapawutlanyşynyň üstüniň açylyp, äşgär edilmegini göz öňünde tutýar.

Organiki sebäpli dörän dizartriýa (diliň bogunlarda çalgyrtlanmasy) şu görnüşli bozulmadan tapawutlylykda gürleýşiň haýal geçirilmesi bilen häsiýetlenip, sözdür ses bogunlarynyň islendiginiň, şol sanda çekimlileriňem ýoýulmalary ähtimaldyr. Kemakyllykdaky duşýanlaryndan tapawutlylykda, munda sözleýşiň ösüşi hem ulanylyşy ýaş derejesinden yza galmaýar.

*Bejergisi.* Gürleýşiň ýörite bejergisiniň geçirilmeginiň görkezmeleri aşakdakylardan ybaratdyr: bozulmanyň 8 ýaşdan geçenlerde aýrylman galmagy, sözdür ses bogunlarynyň ýoýulmalarynyň has ýokarylygy, sesleriň aýdylman sypdyrylmasynyň hem-de çalşyrylmasynyň bogunlaryň nädogry aýdylmasyndan agdyk gelip ýokary bolmasy, gürleýşiň düşnüksizliginiň ýüze çykyp okatmakda hem ýaşytdaşlary bilen bolan aragatnaşyklaryň kynlaşdyrylmagy we öz-özüni bahalandyrmasynyň bozulmasy ýaly ýagdaýlar bilen häsiýetlenýär.

**Ekspressiw sözleýşiň bozulmasy.** *Epidemiologiýasy.* Bozulmanyň ýaýraýşynyň giňişligi mekdep ýaşly çagalaryň 3-10%-ne barabardyr. Gyzlara garanyňda oglanlarda bu bozulma 3-4 esse köp duşýar.

*Etiologiýasy.* Bu bozulmanyň döremeginiň sebäbi näbelli. Çaklanylýan organiki özgermeler hem beýni mehanizmleriniň ösüşiniň togtadylyp gijä galdyrylmasy häzirki wagta çenli gutarnykly tassyklanylmady. Genetiki ýagdaýlaryň şu bozulma gatnaşma mümkinçiliginiň barlygyny näsaglaryň hossarlarynyň arasynda dürli görnüşlerdäki psihologiki ösüşiň bozulmalaryna bolan keselbentliginiň ýokarylygy tassyklaýar.

*Klinikasy.* Bozulmanyň esasy alamaty ýaşa baglylykda gürleýşiň adaty düşünilmegindäki ösüşiniň sözleýşe degişli bolmadyk düşünjäniň üýtgedilmän galdyrylmagynda saýlanyp-seçilip togtadylmasy bilen häsiýetlenýär. Bozulmanyň agyr görnüşlilerinde birýarym ýaşly çagalaryň özbaşdak gürlemegi bolman, ýönekeý sözleri hem sesleri gaýtalap bilmän, öz isleg-küýseglerini söz üsti arkaly aýtman üm-yşaratlardan peýdalanmaklary ünsi özüne çekýär. Pikiriňi belli bir söze gaplabilmezlik sözlenilşe degişli bolmadyk ekspressiýa kynçylyklary bilen hem baglanyşykly bolup biler.

Ösüşiň çynlakaý togtadylmasynyň alamatlary gürläp bilmekligiň adatdakysyndan lomaý görnüşde tapawutlanýanlygyndan daşary, aýry-aýry sözleriň iki ýaşly çagalaryň, iki sözden ybarat bolan ýönekeýje sözleri bolsa üç ýaşly çagalaryň ýyg-

jam peýdalanmagynyň ýoklugydyr. Şonda çaganyň habar alyşma, gürleşmeklige höwesi bolsa-da, ol gürläp bilmän şol arabaglanyşygy gözüni dikmesi bilen goldap, sessiz-sözsüz oýunlara gatnaşýar-da, başgalaryň adyny tutan zatlaryny häli-şindi görkezip bilýär. Oýunjaklary hem öýde peýdalanylýan zatlary olar maksadalaýyk ulanyp bilýärler. Sesiň çykarylyşy göwnejaý däl, sözleriň bogunlarynyň ýoýulmasy hemişelik häsiýetli bolmaýar. Dört ýaşyna ýeten çaga gürlände gysgajyk jümleleri aýdyp bilýär, täze sözleri öwrenip özleşdirende bolsa öňki öwrenen köne sözlerini hakydasyndan çykaragan bolýar. Has çykgynsyz ýagdaýa getirýäni sekiz ýaşa golaýlanlarda bolup, şol döwürde-de ýagdaý öz-özünden güýçli görnüşde oňatlaşyp düzelýär ýa-da akyl ösüşine hemmetaraplaýyn oňaýsyz täsir edýän kemislik özgerip berkişýär. Bozulmanyň ýeňil görnüşlileri irki ýetginjeklik ýaşynda ýüze çykyp, şonda gürleýiş has-da çylşyrymlaşýar.

Gürleýşiň ösmän togtadylmasy okatmagy hem gündelik durmuşdaky zatlary öwrenip bilmegi kynlaşdyryp, ol öz-özüňe baha berilmegini durnukly peseldýär-de, agyr tukatlyk, sustupeslik, özüňe kembaha garamaklyk ýaly ýagdaý bilen geçýär. Onuň psihologiki ösüşiň gaýry keselbentlikli ýagdaýlaryna ýakynlygy ýokary bolup, okamagyň kynlaşmasy, hereketleriňi dogry ugrukdyryp bilmekligiň bozulmalary we özüňi alyp barşyň birnäçe taraplarynyň (hereketlenmeleriň batlanyp güýçlenmegi, disforiki-ynjyklykly gazaba gelmek, çalasynlyk bilen syçrap duýdansyz, hatda kähalatlarda howply bolan hereketleri etmek, oňuşmazak dawaçyllygydyr urşaganlygy görkezmek) bozulmagy bilen häsiýetlenýär. Näsaglaryň käbirlerinde ýumşak bolan newrologiki alamatlar, EEG-de gyşarmalar bolýar.

Keseliň soňlamasy, köplenç halatda oňaýly tamamlanyp, ol derdiň agyr-ýeňilligine, keseliň bejerilmegini gijikdirmän aýny wagtynda başlanylmagyna we çagada oňa bolan delilleriňdir islegiň barlygyna bagly bolýar. Keseliň bejerilmezden öz-özünden gowulaşmagy näsaglaryň takmynan, ýarpysynda duşýar.

*Kesel kesgidi.* Ekspressiw sözleýşiň görkezijileri aň ukybynyň sözsüz alnan görnüşinden (Weksleriň testiniň sözsüz bölegi) has pes bolýar. Bozulma mekdepde düşünjeleriň üstünlikli alynmagyna, şeýle-de gündelik durmuşda islegdir hyýallaryňy söz üsti bilen düşündirip bilmegiň ýoklugy ýeterlik derejedäki kynçylyklary döredýär. Bu bozulmanyň ösüşiniň umumy ýagdaýy, eşidişiň ýaramazlygy hem newrologiki bozulmalar bilen baglanyşygy bolmaýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Bu bozulmany sözli hem sözsüz ýagdaýlarda akyl işiniň doly bozulan ýagdaýly kemakyllykdan; yşaratlardyr üm arkaly zatlary aňladýan, içki diliň ýa-da hyýalyňda beslenilip geçirilýän oýunlaryň ýoklugy, üm-yşaratlaryň ýagdaýa laýyk gelmeýän nädogry görnüşlerde ulanylmagy, töweregindäkiler bilen ýakymlydan mylaýym aragatnaşyklaryň saklanyp bilinmezligi bilen häsiýetlenýän ösüşiň umumy bozulmasyndan tapawutlandyrylmalydyr.

*Bejergisi.* Munda gürleýşiň düzeldilmegine gönükdirilen hem-de maşgala bejergisiniň geçirilmegi has ileri tutulýar. Gürleýşiň bejergisi söz bogunlarynyň

hem sesleriniň özleşdirilmegini, sözleriň ätiýaçlyk toplumyny öwrenip toplap bilmekligi, sözleri düzüp hem düzedip bilmekligi öz içine alýar. Soň dörän ýa-da öňki kesel bilen bilelikde utgaşyp geçýän bozulmalar näsagyň özüni alyp barşynda hem duýgularynda ýüze çykanda bolsa, dermanlar bilen bejerme we psihoterapiýa geçirmek maslahat berilýär.

**Reseptiw gürleýşiň bozulmalary.** *Epidemiologiýasy.* Bozulmanyň ýaýraganlygy mekdep ýaşly çagalaryň 3-10%-ne barabardyr, agyr ýagdaýlylarda bolsa 2000 çagadan biri duşýar. Gürleýşiň ekspressiw bozulmasyndan aýratynlykda, munda jyns boýunça tapawut bolmaýar. Genotipiki taýdan ýagdaýyň ýaramazlygynyň we agyrlygynyň üsti açylmadyk.

*Etiologiýasy.* Bozulmany döredýän sebäp näbelli. Ýöne beýniniň çalarak görnüşdäki organiki zeperlenmesi, neýronal ösüşiň togtadylmagy, genetiki keselbentlilik baradaky nazaryýetler bar hem bolsa, ýöne olaryň hiç biri-de gutarnykly görnüşde subut edilip tassyklanylmady.

Beýniniň çep tarapky yzky çekge bölüminde neýropsihologiki mehanizmlerde sesi tapawutlandyrýan zolaklarda bozulmalaryň bar bolmagy ähtimaldyr, şeýle-de sözleýşiň sözsüz komponentleriniň tapawutlandyrylyp bilinmezligi sag tarapky ýarymşarlaryň bozulmalarynyň netijesinde-de döräp biler. Reseptiw gürleýşi bozulan çagalaryň aglabasy daş-töwerekden gelýän seslere sözleýişde çykarylýan seslerden has ýokary reaksiýany berýärler.

*Klinikasy.* Ýagdaýyň has äşgär ýüze çykýan tarapy sözleýiş arkaly berilýän maglumatlaryň ähmiýetine düşünilme ukybynyň akylyň sözsüz ýagdaýyndakysynyň belli bir derejede özgerdilmän saklanmagynda onuň togtadylmagynyň kemala gelmesidir. Ýagdaýyň ýeňil görnüşlilerinde çylşyrymly sözlemlere ýa-da adaty bolmadyk umumy dil, gürleýiş görnüşlerine, degişmä düşünmäniň çetinleşip haýallamasydyr. Ýagdaýyň agyr görnüşlilerinde şu kynçylyklar ýönekeý sözleýşe we sözlemleriň aýdylyşyna-da ýaýraýar. Ýagdaýyň agyr görnüşlileri iki ýaşly çagalarda ünsi özüne çekýär, ýeňilräk görnüşlileriň bolsa mekdepde okap başlandan soň üsti açylýar. Köplenç halatda, sözleýşe bolan ekspress ukyplaryň kemala gelmesi togtadylyp, ol hem bozulmalaryň ikisiniňem kliniki taýdan suratlanyşyny birmeňzeş edip, ony gürleýşiň ekspressiw bozulmasynda reseptiw ukyplaryň ösüşiniň togtadylmaýanlygy bilen äşgär görnüşde tapawutlandyrýar.

Ekspressiw bozulmadan tapawutlylykda reseptiw bozulmaly çagalar birýarym ýaşa ýetenlerinde, haçan-da olara tanyş bolan zatlaryň atlary tutulanda olar şol zatlary aýyl-saýyl edip görkezip bilmeýärler, iki ýaşanlarynda bolsa ýönekeýje bolan düşündirişlere düşünmeýärler. Olar adaty durmuşdaky özara gatnaşyklarda ýeterlik ukyby görkezip, rollaryň ýerine ýetirilýän oýunlaryna gatnaşyp bilýärler, çäklendirilen görnüşde bolsa üm-yşarat arkaly geçirilýän düşünişmä-de gatnaşýarlar. Daşyndan göräýmäge olar ker ýaly hem bolsalar, ýöne sesleriň sözleýişde çykarylýanlaryndan başgalaryna dogry reaksiýany berýärler. Eger-de olar giç gürläp

başlasalar, onda gürleýiş ukybynyň haýal alynmagyny görkezýärler, gürleýşiňdir sesleriň çykarylyşynyň gödek bozulmasyny ýüze çykarýarlar. Bularda mutizmi (gürläp bilýän halatynda gürlemezligi), eholaliýany (eşidilen sözleri, sesleri, soraglary gaýtalamak), neologizmleri (täze sözleri döretmä ýykgyn etmek) hem görmek bolýar. Näsaglaryň aglabasynda eşidiş duýgurlygynyň ýokarlananlygy, saza bolan eşidişiň bolmazlygy, sesiň çykýan ýeriniň, çeşmesiniň kesgitlenip bilinmezligi hem ýüze çykýar.

Munuň psihologiki ösüşiň gaýry bozulmalary hem-de emosional – özüňi alyp barşyň bozulmalary bilen keselbentlikli ýakynlygy ýokary bolup, ýöne hereketleriňi dogry ugrukdyryp bilmäniň bozulmalary, ünsüň güýçli bölünmesine bolan ukybynyň peselmesi, peşewiň funksional saklanyp bilinmezligi bilen utgaşmasy bolmaýar diýen ýaly. Bu bozulma sözleýiş hem üm-yşaratlar bilen esaslandyrylan düşünişip bilmegi, çagany okatmagy hem-de durmuşa uýgunlaşyp bilme ukyplarynyň alynylmagyny ep-esli derejede kynlaşdyrýar. Munuň tamamlanylyşynyň gowy gutarmagy diňe ýeňil görnüşlilerinde bolýar.

*Kesel kesgidi.* Sözleýşiň reseptiw bozulmasynyň kesgidiniň goýulmagy üçin näsagyň ýagdaýy şeýle görkezijilere gabat gelmelidir: 1) çaganyň bolmaly ýaşyna degişlilikde reseptiw sözleýşe bolan endikler test usuly arkaly kesgitlenende, şol standart gyşarmanyň ikisiniň derejesinden az bolmaly däldir; 2) reseptiw sözleýşiň test arkaly çykarylan maglumatlary sözsüz IQ-nyň gyşarmasynyň bir ülňi derejesiniň çäklerine bap gelmelidir; 3) reseptiw gürleýşe gönümel täsiri ýetirip biljek ösüşiň umumy, newrologiki, sensor we somatiki bozulmalarynyň bolmazlygy; 4) IQ 70-den ýokary bolýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Autistiki bozulmadan tapawutlylykda, munda durmuşa uýgunlaşyp bilme ukyplary we endikleri, akylyň sözsüz görnüşiniň derejesi has ýokary bolup, daşardan ýetirilýän täsirlere berilýän reaksiýa duýgusy ýiti bolýar.

Ekspressiw sözleýşiň bozulmalarynda höweslendirmä düşünmeklik özgerdilmän saklanyp galýar. Sesleriň dogry çykarylmagy bozulanda sözleýşiň beýleki ukyplary özgerdilmän galýar. Mundan eşitmäniň bozulmalary, kemakyllyk, gürläp bilmekligiň soň dörän bozulmasy hem ösüşiň umumy bozulmalary çykarylyp aýrylmalydyr.

*Bejergisi.* Bejerginiň esasy diýlip reseptiw we ekspressiw gürleýşiň endikleriniň özüni alyp barşynda türgenleşdirme usuly hasaplanýar. Munuň bilen utgaşykly geçýän emosional hem özüňi alyp baryş meseleleriniň çözülmegi üçin köplenç, psihoterapiýanyň geçirilmegi maslahat berilýär. Maşgalada çaga bilen maşgalanyň beýleki agzalarynyň özara dogry aragatnaşyklaryny oňatlaşdyrmak üçin maşgala bejergisi hem ulanylýar.

**Garaguşagyry keseli bilen utgaşyp geçýän gürläbilmezlik (Landau-Kleffneriň alamatlar toplumy (sindromy).** Keseliň sebäbi näbelli bolup, beýniniň

organiki keselinden döreýänligi çaklanýar. Kliniki taýdan bozulma 3-7 ýaşlylarda başlanyp, ýöne ondan ir hem, giç hem döräp biler. Sözleýşiň ösüş döwründen soň gürleýşe düşünip bilmäniň haýal geçýän bozulmasy döreýär. Sözleýşiň eşidiş agnoziýasy (sesi tanabilmezlik) döreýär. Soňra wagtyň geçmegi bilen aýdylýan sözlere düşünip bilmäniň bozulmasyna ekspressiw gürleýşiň bozulmasy goşulýar. Peýwagtyna gürlenilmek aýrylyp, birnäçe hepdä ýa-da aýlara çekýär. Gürleýşiň doly suratda ýitirilmegi hem ýygy duşýan ýagdaýdyr. Pikirlenişiň operasion tarapy özgerdilmän öňküligine galýar. Çagalaryň 50%-nde Landau-Kleffneriň sindromy bilen bilelikde özüňi alyp barşyň bozulmalary, birinji nobatda giperdinamiki (hereketlenmeleriň güýçlenmesi) sindromy ýüze çykýar. Kliniki görnüşde garaguşagyrynyň tutgaýlary näsaglaryň 70%-de ýüze çykarylýar. Näsaglaryň üçden birinde seýrek tutgaýlaryň bolmagy mümkin ýa-da keseliň başlanýan wagtynda garaguşagyry statusy (yzy üzülmän gaýtalanyp durýan tutgaýlar) ýüze çykýar. 10 ýaşyna ýeten çagalarda tutgaýlar olaryň 20%-ne deň bolup, 15 ýaşandan soň tutgaýlaryň tutmasy kesilip, aýrylyp gidýär. Ýetginjeklik ýaşlylarda gürläp bilmekligiň az-owlak gowulanmagy ýüze çykýar. Ýöne sensor afaziýasynda (lal bolan ýaly bolup, sözleri gerekli ýerine laýyklap ulanyp bilmezlik) gürläp bilmeklik doly suratda dikeldilmeýär. Gürläp bilmekligiň dikeldilip nä derejede tamamlanjaklygynyň görnüşi ýaşyň kämillige ýetilenliginiň bildirilişiniň hem garaguşagyry keseliniň garşysyna geçirilen bejerginiň başlanan wagtyna hem dili türgenleýiş işleriň geçirilip, onuň dikeldilmegine gönükdirilmegine bagly bolýar. Şeýle bozulmaly çagalaryň aglabasy tutgaýlaryň tutmagy, ýa-da gürleýşiň bozulmasy sebäpli lukmanlaryň ünsüni özüne çekmän, özlerini alyp baryşlarynyň adaty dälligi – hereketlerini ugrukdyryp bilmän başly-baratlyga ýüz urmalary, oýlanyşyksyz hem ýerliksiz batly hereketleri amala aşyrmaklary bilen tötänlikde olaryň gözüne ilýärler.

Landau-Kleffneriň alamatlar toplumynyň kesgidiniň goýulmagy üçin näsagyň ýagdaýy aşakda getirilip görkezilen görkezijilere gabat gelmelidir: 1) azyndan alty aýlap reseptiw hem ekspressiw gürläp bilme endikleriniň ýitirilmegi; 2) gürläp bilmäniň bozulmasyndan ozal onuň ösüşiniň gyşarman hem özgermän dogry geçmesi; 3) EEG-de çekge bölümleriniň ýerleşýän ýerinde mono ýa-da bilateral paroksizmal özgerişleriň peýda bolmagy; 4) eşidişiň adatylygynyň üýtgemezligi; 5) sözsüz geçýän akyl-paýhasyň kadadan gyşarmazlygy; 6) EEG-de patologiki özgerişlerde we garaguşagyry tutgaýlaryndan özge haýsydyr bir newrologiki bozulmalaryň bolmazlygy; 7) ýagdaýyň umumy ösüşiniň tertip-düzgünlerine bap gelmezligi.

Keseliň başlaýan çaglarynda kortikosteroidleriň kabul edilmesiniň gowy netijelere getirýänligi bellenilýär. Keseliň geçiş döwürleriniň ählisinde antikonwulsantlaryň (karbamazepiniň, lamiktalyň) kabul edilmegi hem maslahat berilýär. Dili türgenleşdirmäniň, şeýle-de maşgala bejergisiniň keseliň

ähli döwürlerinde geçirilmegi hem maslahat berilýär, şonuň derwaýyslygy bellenilýär.

**Mekdep endikleriniň ösüşiniň spesifiki bozulmalary.** Bu bozulmalar kognitiw (öwrenilýän) maglumatlaryň üstünde işlenilip tertibe salnanda döreýär, ol bolsa biologiki disfunksiýanyň netijesinde ýüze çykýar. Muňa endikleriň adaty alnyşynyň ösüşiň irki döwürlerinde bozulýanlygy häsiýetli bolýar. Olar okadylyş şertleriniň ýaramazlygy netijesinde döreýän, kelle şikeslenmesini almak hem haýsydyr bir keseliň döremegi bilen baglanyşykly bolmaýar. Munda okadylyşyň derejesini bahalandyrmak derkar däl-de, ösüşiň geçisi bilen gazanylan mekdep üstünlikleri hasaba alynmalydyr, çünki ýedi ýaşlarda okap bilmeden bir ýyl yza galmagyň ähmiýeti on dört ýaşlynyň şondan bir ýyl yza galmagyndan düýpgöter başgaçadyr.

Bozulmanyň ýüze çykyşynyň görnüşi, adatça ýaşyň aňry gitmegi bilen özgerýär – gürleýşiň mekdep ýaşyna ýetmedik çagalardaky bolşy ýalylygyndan aýrylyp gidýär, ýöne ol okamanyň spesifiki togtadylmasy bilen çalşyrylyp bilner, ol hem öz nobatynda ýetginjek ýaşlylarda azalyp, olarda – ýazmanyň bozulmasyny döredýär. Mekdep endikleriniň spesifiki bozulmalary üýtgemeleriň toparlaryny öz içine alyp, degişli bolan belli bir ýaşdaky topar-synpda, populýasiýada, mekdepde spesifiki we mekdep endiklerini okadyp öwretmekde käbir kemçilikleriň goýberilýänligini ýüze çykarýar.

Bu bozulmalar gaýry ýagdaýlaryň – kemakyllygyň, gödeňsi newrologiki defektleriň, emosional we gnostiki bozulmalaryň täsiriniň gönümel netijesi däldir. Bu giperaktiwlik sindromy we ünsüň ýetmezçilikligi, hereketlenme funksiýalarynyň spesifiki bozulmalary bilen ýygy utgaşýar. Şoňa-da endikleri togtadylan çagalar «wagty gelende deň-duşlarynyň yzyndan ýetip biler» diýildigi däldir, çünki şeýle bozulmalar kiçi ýetginjek ýaşlylarda-da, okadylýan soňraky döwürlerde-de döräp, ýüze çykyp biler.

Olaryň ýüze çykmagy ikinji nobatda döreýän bozulmalar görnüşinde bolup, okuwa gyzygyň gaçmagy, pedagogiki okadylyşyň nädogrulygy, emosional bozulmalar bilen häsiýetlenýär.

Kesgidiň goýulmagy üçin haýsydyr bir endigiň bozulmasynyň çuňluk derejesiniň üstüniň açylmagy möhümdir: 1) mekdep ýaşyna ýetmedik döwürde gürleýşiň togtadylmasynyň ýa-da gürleýşiň ösüşinde gyşarmalaryň barlygy; 2) ýagdaýa utgaşan problemalar-ýeterlik ünsüň bölünmezligi, ýa-da işjeňligiň ýokarlanmasy, emosional bozulmalar, ýa-da özüňi alyp barşyň, tertibiň bozulmalary; 3) hil tarapdan bozulmalaryň barlygy we olaryň kadadan äşgär tapawutlanmagy; 4) bejergä garalyşyň ýagdaýdyr hakykata laýyk gelmezligi, adekwat bolmazlygy (kömek berilme öýde-de, mekdepde-de güýçlendirilende onuň täsiriniň bolmazlygy).

Bozulma ýokary derejede gyşarnyksyz spesifiki geçip kemakyllyga ýa-da akylyň derejesiniň umumy pesligine bagly bolmaýar. Kesgidiň goýulyşy psihologo-pedagogiki tesirlemäniň esasynda geçirilýär.

Bozulma okadylyşyň ilkinji ýyllarynda bolup, bilim berilýän döwründe döremeli däldir. Bozulma bejerilmedik ýa-da düzedilmedik göz-gulak bozulmalary bilen şertlendirilen hem bolmaly däldir.

Mekdep endikleriniň ösüşiniň bozulmalary öz içine aşakda görkezilenleri alýar:

– okama endikleriniň spesifiki bozulmalaryny «disleksiýa»;

– ýazma endikleriniň spesifiki bozulmalaryny «disgrafiýa»;

– arifmetiki endikleriň spesifiki bozulmalaryny «diskalkulýasiýa»;

– mekdep endikleriniň garyşdyrylan bozulmasyny «okatmagyň kynçylyklary».

Bejerginiň has oňaýly usuly diýlip okatma arkaly düzediliş bejergisiniň geçirilmegi hasaplanýar. Ýagdaýa utgaşan emosional hem-de özüňi alyp barşyň bozulmalary degişli bolan dermanlar we psihoterapiýa usuly bilen bejerilmelidir. Has gowy netijelere maslahat beriş – maşgala bejergisi getirýär.

**Hereketlenme funksiýalarynyň ösüşiniň spesifiki bozulmalary.** *Epidemiologiýasy.* Keseliň ýaýrawlygy 5-den 11 ýaşa çenli bolan çagalaryň arasynda takmynan 6%-ne barabardyr. Munda-da oglanlaryň sany gyzlaryňkydan agdyklyk edýär. Nesil yzarlaýşy takyk däl.

*Etiologiýasy.* Bozulmanyň perseptiw (duýgurlyk) hem hereketlenme endikleriniň ösüşiniň togtadylmasy bilen baglanyşykly bolmagy hem ähtimaldyr. Bozulmanyň döremegine bäbegiň dogulmazyndan ozalky hem doglandan soň beýniniň alan organiki zeperlenmeleri itergi berip biler.

*Klinikasy.* Çaganyň ýerine ýetirýän hereketlenmelerini ugrukdyryp bilmesiniň görnüşleri çylşyrymlaşdygyça bozulma has äşgär ýüze çykyp başlaýar. Deň-duşlaryna garanyňda bu çaganyň hereketlenmeleriniň ähli tapgyrlary togtadylýar. 2-4 ýaşly çaganyň hereketlenmelerini dogry ugrukdyryp çemeli geçirmesini, onuň özüni alyp barşynyň ugur-utgasyzlygy, tagaşyksyz edýän hereketleri häsiýetlendirýär. Çagalara geýnip iliklerini ildirmek, nämedir bir zatlary eline alyp gaçyrman saklamak, ýöräp barýarka ýa-da ylganda haýsydyr bir zada urlup büdremeden saklanmak çetin bolýar. Ädimläp ýöreýşi durnuksyz bolup, häli-şindi ýykylyp duragan bolýar. Has gijräkki ýaşda oňa galamdyr ruçkadan peýdalanmak, «konstruktor» oýny, top oýnamak ýaly zatlar kyn düşýär.

Ýagdaýyň sözleýşiň bozulmalary, emosional hem özüňi alyp baryş bozulmalaryna utgaşmasy ýokary bolýar. Horeoform hereketlenmeler (towlanjyramak), ýumşak newrologiki alamatlar hem ýygy duşýar. Keseliň tamamlanyşynyň gowyerbetligi akylyň umumy derejesine hem-de hereketlenme endikleriniň öwezini dolup bilme ukybyna bagly bolýar. Umuman alanyňda, hereketleriňi dogry ugrukdyryp bilmäniň bozulmalary çaga ulalyp kämillik ýaşyna ýetýänçä aýrylman saklanýar. Keseliň çaganyň deň-duşlaryndan arasynyň açylyp ýekelikde galmagyna getirýän, öz-özüne baha berşini peseldýän ýerleriniň äşgär ýüze çykýan alamatlary onuň gij-

räkki durmuşynda durmuşa uýgunlaşyp öwrenişip bilme derejesiniň peselmegine getirip biler.

*Kesel kesgidi.* Hereketlenme funksiýalarynyň ösüşiniň spesifiki bozulmasynyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilip görkezilen delillere gabat gelmelidir: 1) hereketlenmä bolan endikleriň hronologiki (yzygiderlilikdäki) ýaşdakylaryň hem-de akyl-paýhasly ukyplarynyň garaşylýan derejesinden has pes bolmagy; 2) hereketlenmeleriň bozulmasy okadylmakda hem gündelik durmuşda üstünlikleriň gazanylmagyna uly täsiri ýetirýär; 3) bozulma fiziki özgerişler (DSP, gemiplegiýa, myşsalaryň distrofiýasy) bilen baglanyşykly bolmaýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Kemakyllygy amala aşyrylýan zatlaryňdyr işleriň hemme görnüşleriniň – sözleýşinde-de, sözlenmeýäninde-de derejesiniň peselmesi häsiýetli bolýar. Mundan ösüşiň umumy bozulmalary, aýratyn-da hereketlenme sferasyndakylar, newrologiki we neýromuskul keselleri (DSP, muskul distrofiýasy, gemiplegiýa) bilen utgaşanlary çykarylyp aýrylmalydyr.

*Bejergisi.* Motor funksiýasynyň düzeldilmegi üçin dermanlaryň neýrofiziologiki hem neýropsihologiki usullar bilen utgaşdyrylan bejergisi geçirilýär. Ilkinji nobatdaky özüňi alyp barşyň, şeýle-de emosional ýagdaýlaryň hem gürleýşiň bozulmalarynyň şolara laýyklykda görkezilen derman serişdeleri we psihoterapewtiki täsir etme arkaly bejerilýär. Maşgala-maslahat beriş bejergisi howsalany aýyrmak hem ata-enäniň özüni ýazgaryp müýnürgemesini peseltmek üçin geçirilýär.

**Ösüşiň umumy bozulmalary.** Bu bozulma sosial arabaglanyşyklarda gyşarmalaryň barlygy, gyzyklanmalaryň hem hereketleriň gaýtalanyp duran stereotiplileri bilen häsiýetlenýän topary öz içine alýar. Ösüşiň bozulmasy, köplenç halatda bäbek doglandan başlanyp, ilkinji bäş ýaşyň içinde aýrylman dowam edýär.

Käbir halatlarda bozulmanyň dogabitdi bolan gyzylja keseli, tuberoz sklerozy, beýni lipidozy bilen utgaşyp, muny olaryň döredýänliginiň ähtimallygy hem çak edilýär. Utgaşyp gelýän islendik ýagdaý aýratyn hasaba alynýar. Eger-de kemakyllylyk bar bolsa, onuň hem hasaba alynmagy gerekdir, ýöne ol şol ösüşiň umumy bozulmasynyň hökmany alamaty däldir.

**Çaga autizmi.** Çaganyň irki autizmi – gürlemezekligi (Kanneriň sindromy) – sosial persepsiýasy (göz öňüne getirmesi), özüni kommunikatiw alyp barmasy emosional funksiýalarynyň ösüp ýetişmänligi has güýçli suratda bozulan psihikanyň nädogry görnüşde ösenligini aňladýar. Hut çaga autizmine autistiki bozulma, infantil autizmi, infantil psihozy, Kanneriň sindromy girýär.

*Epidemiologiýasy.* Bu bozulma ilatyň 10000-den 2-4-de duşýar, autizm bilen kemakyllylyk utgaşanlarynda bolsa bu san ýokary galyp, ilatyň 10000-den 20-e çenli ýetip biler. Munuň bilen, köplenç halatda oglanjyklar keselleýär.

*Etiologiýasy.* Çaga autizmi tebigaty konstitusional – genetikilerden (Kanneriň sindromy) başlap çaganyň dogulmazyndan ozalky hem doglandan soňky döwürlerinde beýniniň gödeňsi organiki zeperlenmesini alanyna çenli bolan ýagdaýlaryň

dürli görnüşlilerini psihoorganiki alamatlar hem kemakyllylyk (çaga autizminiň organiki görnüşlisi bilen utgaşyp çaga autizmi bilen çylşyrymlaşanlaryny) öz içine alýar. Çaga autizminiň bölekleýin ýüze çykýanlarynyň oligofreniýalaryň gutarnykly kesgitlenenleriniň (X-döwülegenlerde, purinozlarda) klinikasynda-da bolup, barha beterleýän organiki kesellerde-de ýüze çykmagy ähtimaldyr.

Kognitiw (öwrenip bilmäniň) ýetmezçiligi baradaky pikirler maglumatlary täzeden işläp aýyl-saýyllaşdyrma üçin zerur bolan beýniniň çep tarapky ýarymşarlarynyň neýron strukturalarynyň ösüp ýetişmän galmagynyň esasynda döreýär. Näsaglar maglumatlary aýyl-saýyl edip, soňra-da olary täzeden işläp, olara ünsüni dikanlama bolan ukybynyň peselenliginiň ýa-da özgerip ýoýulanlygynyň şaýady bolunýar. Ata-eneleriň näsag hem sag çagany idegleýşinde ygtybarly tapawutlanmanyň üstünden barylmaýar. Şeýle-de, Kanneriň näsag çagalaryň ata-eneleriniň emosional sowuk-salalygy we peýwagtyna pikirlenmä döwtalapdyklary baradaky maglumatlar ylmy jähtden tassyklanylmaýar.

*Klinikasy.* Çaga autizmi onuň ösüşiniň irki tapgyrlarynda onuň deňagramlylykda geçmeýänligi bilen häsiýetlenýär. Bozulmanyň başlanyşy köplenç halatlarda üç ýaşa ýetmediklerde bolýar. Şeýle çagalaryň daş keşbi hem tapawutlanma bilen häsiýetlenýär. 2-7 ýaşan çagalar öz deň-duşlaryndan boýlarynyň ösmeginden yza galýarlar. Mekdep ýaşyna ýeten çagalaryň elleriniň adaty bolmaly ýeri – göwresiniň gapdalynda ýerleşdirilip saklanylmagy gijikdirilýär. Fiziki ösüşdäki bolup geçýän gyşarmalar dem alyş agzalarynyň ýokarky bölümleriniň ýokanç kesellere uçrap durmasynyň hem-de aşgazan-içegeleriň işleýşiniň bozulmasynyň ýokarylygy bilen häsiýetlenýär. Psihikanyň emosional-kepilleşdirme komponentleriniň ilkinji ýetmezçilikleri diňe bir kommunikasiýalaryň, özüňi alyp barşyň dolybahalylygy bilen ýagdaýa laýyk gelmeginiň bozulmagyna getirmän, eýsem ähli funksiýalaryň, şol sanda-da zatlary öwrenip özleşdirip bilşiň ösüşini gyşardýar. Bäbekleriň töwerekde bolup geçýän zatlary kabul edişinde olary saýlap-seçip almagynda birtaraplaýyn garama ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar: olar ellenilme, tene degme ýaly gyjyndyryjylara ýeterlik jogap gaýtaryp, görüş we eşidişe jogap gaýtarmaýarlar diýen ýaly. Ýöne olaryň arasynda kagyzyň şygyrdysy, hallan atyp duran lampoçka ýalylaryna ünslerini berýänleri bolýar. Şeýle çagalar üçin ýüz-gözüňi oýnadyp duýgy alamatlarynyň berilmeginiň, adamyň gürleýşiniň hiç hili, ýagny jinnek ýalam ähmiýeti bolmaýar. Şeýle çagalar ejesiniňdir gaýry adamlaryň ýüzlerine seretmän sowa garaýşy, üstaşyr seretmäni görkezip diri adamlara jansyz zatlar ýaly garaýarlar. Olar owsunyp ejeleriniň gujagyna girmäge-de höwes bildirmän, ejelerine tarap ymtylmaýarlar we şol gowşak lellimligindäki ýagdaýynda galýarlar. Şonuň geregi ýok diýlen nukdaýnazardan düşündirilip bolaýjak kommunikasiýalaryň bozulmalary çaga autizminde uzak ýyllaryň dowamynda esasy alamatlaryň biriligine galýar: şol habar alyşmadan doly boýun gaçyrmak ýa-da diňe çagalar hem uly adamlar bilen habar alyşmazlyk bolup biler. Kähalatlarda bolsa ejesiniň ýanynda bolup, şondan özüne zerur bolan

gerekli zatlary alýanlygynyň esasynda içgin arabaglanyşykda bolunýar. Huş adatça, gowy bolup (kä halatlarda şonuň aýry-aýry görnüşleri has gowy, hatda uçursyz gowy hem bolup), ýöne kabul edilişiň hem ýatda saklamanyň bölekleýin edilip parçalaýyn ugrukdyrylmasy sebäpli uzaklaýyn bolan huşuň durnuklaşdyrylmasy ýeterlik derejede göwnejaý bolmaýar. Eşidişe bolan huşuň gowulygynda gürläp bilmeklik ir hem başlap biler (ýöne şoňa mätäçlik duýulmansoň, köplenç halatda, ol togtadylyp gijikdirilýär), ýöne şol «totuguş häsiýetli» bolýar: basymlara, rifma, sesiň çykarylyşyna uly agram salnyp, onuň peýdalanylyşy many bilen baglanyşdyrylmaýar, taşlanan sözli ýa-da sözlemli, keselbentli endige çalym edýän eholaliýalar ýygy duşýar. Özboluşly modulirleşdirmek, sesi özgertmek ýaly zatlar hem duşýar.

Özüne düşünmäniň, şahs ara gatnaşyklaryň juda gijikmesi hem kemislikli geçmesi bilen baglylykda gürleýşiň hökmany aýratynlygy bolan at çalyşmalarynyň giç hem nädogry ulanylmasy ýüze çykýar (ol tä mekdep ýaşyna ýetýänçä aýrylman saklanýar). Düşünjeleri döredip bilmä we adaty bilim – düşünjeleri alyp bilmä ýetik ukyplaryň barlygynda autizmli çagalar gürleýşiň aýlawlylaryna kynlyk bilen düşünip, ondaky belli ýagdaýyň maglumatlaryny berýän sözlere, aýratynda olaryň emosional ähmiýetli bolanlaryna (meselem çaga: – «Barmagyňy dilen bolsaň şol ganap duran ýara näme etmeli?» diýen soraga jogap berip bilmeýär). Olar mekirlik etmäni, ýalan sözlemäni başarmaýarlar, iki manyly sözleredir gürrüňlere düşünmeýärler. Pikirlenişinde çeýelikdir çalasynlyk diýen zatlar bolmaýar. Kommunikasiýada-da gürleýişden ýüz öwürýän çagalar monologiki (bir özüniň gürleýişden peýdalanyp oýnaýan) oýunlary oýnaýarlar. Autizmli çagalaryň oýunlary ilkibaşdan sagdyn bolmaýar, olar oýunjaklara gyzyklanmaýarlar, deňduşlary bilen bilelikde toparlaýyn oýnamaga höwessiz bolýarlar. Olar, köplenç halatda oýunlary birmeňeş gaýtalamalar bilen uzaga çekdirip geçirmekden daşary, oýnamasyz zatlary hem oýnaýarlar: çybyjyklary, ýüpjagazlary, lampoçkalary we ş.m. Keşpli hem sýužetli (sahnalaşdyrylan ýaly) oýunlary uzak wagtlap oýnamaýar ýa-da asla oýnamaýar. Kähalatlarda çagalar konstruktiw emellerde hem oýunlarda ýokary üstünliklere-de eýe bolýarlar. Özüňe hyzmat etmek endikleri şoňa, onuň zerurlygyna göz ýetirip düşünmezligiň netijesinde gijikdirilip alynýar. Iýmitiň şekiliniň alynmasynda aňsatlary saýlanylýar-da (meselem diňe kotletler, diňe çorba, somsajyklar we ş.m.), iýmitiň saýlanyp-seçilmeginiň başarylmagyna getirýär. Şeýle çagalar işjeň däl, joşguna gelegen, gazaba münegen bolýarlar, olar bilen arabaglanyşyk gurnamaga synanyşylanda erjellik bilen garşylyk hem görkezýärler. Şonda olaryň bolşy bilen berýän gaýtargysy sypaýydan ýuwaş, çendenaşa gahar-gazaply, durnuksyzdan üýtgäp duragan, geçip duran hadysalaradyr wakalara bap gelmezlikli bolmagy mümkindir. Çaganyň hakyky howp salýan elhenç zada perwaýsyz garap, haýsydyr bir zyýansyzja zada uly gorky-ürkini görkezmegi ähtimaldyr.

Ýagdaýyň agyr görnüşlilerinde näsaglar aýdylýan gürrüňlere asla düşünmeýärler, goýazylygy pesräk ýagdaýlylarda ýönekeýden takyk bolup, üm-yşaratlar bilen üsti ýetirilýän düşündirişlere eýerip bilerler. Näsaglaryň ýarsyna golaýy ömri ötinçä lal ýaly bolup, kähalatlarda bolsa belli bir manysyz eholaliýany daşyna çykarýarlar. Bardy-geldi gürleýiş düzeläýende-de onda gürleýşiň düzülişinde spesifiki bozulmalar bolup, olar hem sözleşip arabaglanyşyk gurmaga bolan kepillendirilmäniň diňe bir kemisligini ýüze çykarma bilen çäklenmeýär. Gürleýşiň ösüşi ýoýulyp böleklenip, parçalanan, birlabyzly, durs däl ýalňyşly bolup, täze düşnüksiz sözlerden doldurylýar. Peýda bolan sesiň labzynyň aýdylýan zada bap gelmezligi mümkin, çalyşmalaryň ähmiýeti özleşdirilmeýär. Näsaglaryň gürläp samraýşy düşünjesinden agdyk gelýär. Ozal ulanylan söz çaganyň sözlüginden aýlap-ýyllap ýitirilip hem bilner. Aýdylýan zatlaryň mazmuny çagalaryň huşunda hem pikirlenişinde ýeterlik ähmiýete eýe bolmaýar. Aýdylýan zatlar hemişe bolup geçýän zatlaryňdyr hadysalaryň çürt-kesik taraplary we özüniň belli bir zada gyzyklanmasy bilen çäklenýär. Bardy-geldi tiz gürläp bilme ukyby dörände-de, näsaglar göwnejaý söhbetleşip bilmän, gürrüňleşmäni özlerini gyzyklandyrmaýan zat barada dowam etdirmäni goldamaýar: ynanmazdan gumanalyrak, şübhelenegen bolýar. Olar gürleşenlerinde gürrüňleri kimdir biri bilen gürleşýäne meňzemän, özüniň başga birine nämedir bir zatlar aýdýanlygyna çalym edýär.

Daşarky ýagdaýlaryň tertibiniň sähelçe özgermegine-de gahar-gazaba gelme bilen jogap gaýtarýar, haýsydyr bir täze işiň edilmegine berilýän päsgelçilige joşgunlylyk bilen nägilelik bildirýär. Özüni alyp barşynyň birmeňzeş gaýtalanmalary ýönekeýje hereketlenmelerde, şeýle-de has çylşyrymly (meselem, öz ýanynda hemişe haýsydyr bir oýunjagy göterip gezmekde, dürli döwletleriň paýtagtlarynyň howa maglumatlaryny hakydasynda saklap bilmekde, töweregindäkileriň doglan günlerini huşunda saklamakda we ş.m.) ýüze çykarýar. Kemakyllyk bilen utgaşykly geçmeýän halatlaryna ýürege düşgünçli ilgeziklik bilen ýerliksiz däp-dessurlaryň edilmegi gaýtalanylýar – haýsydyr bir zatlary elläp görmek, çyrany birsyhly ýakyp söndürip durmak. Oýunjaklardyr beýleki zatlar bilen iş salyşmak birmeňzeş gaýtalanmalar bilen geçirlip, şol hereketler ol zatlaryň ulanylyşy we tutýan orunlary bilen baglanyşyksyz bolup, adaty durmuşa gabat gelmeýär. Çagalykdaky adaty bolan güýçli hereketlenmeler ýetginjeklik ýaşyna ýetiberenlerde hereketlenmeleriň azaldylmasy bilenem çalşyrylyp bilner. Tagaşyksyz edilýän samsyklaç hereketlenmeler adaty bolmadyk dartgynlylyk ýagdaýy bilen çalşyrylyp bilner. Näsaglar uzak wagtlap hiňňillikde uçmany ýa-da duran ýerlerinde pyrlanyp durmany halaýarlar, şol hereketleri ýerine ýetirenlerinde olaryň başy aýlanmaýar.

Kemakyllylyk munuň adaty alamaty bolup, näsaglaryň ýarysyna golaýynyň IQ-sy 50-den aşak, 30% golaýynyňky bolsa 70-den ýokary bolýar. Akylyň derejesi pes boldugyça, jemgyýetde özüňi alyp barşy başly-barat bolýar we onuň tutgaý alamaty bilen utgaşma ýykgynlygy şonça-da ýokary bolýar. Akylyň peselmesi juda

bir çökder bolman, öz wagtynda Kanneriň belläp geçişi ýaly näsaglaryň käbirinde huşunyň ýatda saklama bolan, çylşyrymly hasaplamalary amala aşyrmaga bolan ukyplary diýseň ýokary bolýar. Näsaglaryň käbiri hiç bir zada düşünmeseler hem okamaga, öwrenmäge höwes bilen ýapyşýarlar. Çagalaryň endik-ukyplaryndan has abat saklanýanlary saza, mehanika we matematika bolan ukyplarydyr.

Bozulmanyň geçişiniň häsiýetli alamatlarynyň biri ýuwaş-ýuwaşdan gowulanyp, şol ýagdaýyňam üýtgäp duragan durnuksyzlygynyň ýokarylygynyň ýaramaz ýagdaýlaryň basmarlamagynda, intrakurrent keselleriň bolmagynda, jynsy kämillige ýetişilmekde, şeýle-de ösüşiň aram-aram tizleşmeginde daşarky şertler bilen baglanyşyksyz bolup, düşnüksiz görnüşde geçmegidir. Uly ýaşlylarda kliniki taýdan, köplenç halatda obsessiw alamatly hem sosial uýgunlaşyp bilmäniň bozulmasy bilen häsiýetlenip geçýän beýniniň organiki disfunksiýasynyň alamatlarynyň aýrylman galmagydyr. Uly ýaşdaky näsaglaryň, takmynan üçden iki böleginiň özbaşdak ýaşap bilmäge ukybynyň bolmazlygydyr. Ýagdaýyň ýeňilräk görnüşlilerinde näsaga sadaja kärleri öwretmek başardýar.

*Kesel kesgidi.* Çaga autizminiň anyklanylyşy aşakda görkezilen ýagdaýlara esaslandyrylmalydyr: 1) durmuşyň ilkibaşyndan adamlar bilen doly bahaly göwnejaý özara gatnaşyklaryň gurnalyp bilinmezligine; 2) aralykdaky täsir edýän gyjyndyryjylaryň ret edilmegi bilen, şolar tä agyrydyr-yza ýetirijä öwrülýänçäler daşarky dünýä biçak ýokary seresaplygyň görkezilmegine; 3) kommunikatiw sözleýşiň ulanylyşynyň kemterlik etmegine; 4) göz-görüş üsti arkaly gatnaşyklaryň kemterligine ýa-da olaryň düýbünden bolmazlygyna; 5) töwerekleýän zatlarynyň özgermegine bolan gorkynyň görkezilmegine; 6) gönümel hem taşlanan eholaliýalaryň (Kanner boýunça gramofon görnüşli totuguş gürleýşi); 7) öz «meniň» ösmän togtadylmagyna; 8) oýnalmaýan zatlaryň birsyhly gaýtalanylyp oýnalmagyna; 9) kliniki alamatlaryň ýüze çykmagynyň 2-3 ýyldan gijä galmazlygyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Reseptiw gürleýşiň bozulan halatlarynda, adatça çaga autizmine mahsus bolan perseptiw bozulmalar – duýgurlygyň ýokarlanmagy ýa-da peselmegi bolmaýar, şeýle näsaglaryň töwerekdäkiler bilen gyzyklanmasy barha artyp, şolara has ýokary bolan ünsi bölýärler, nyşanly oýunlara hem-de gatnaşygyň sözsüz görnüşlerine höwesleri artýar. Olara gürleýşiň stereotipiýalylary (birsyhly gaýtalanýanlary), aýratyn-da sesleriň çykarylyşynyň hem aýdylyşynyň bozulmalary häsiýetli bolýar. Olarda IQ-nyň profili (kesel görnüşi) adaty bolýar.

Eşitmesi bozulan çagalar ýakyn adamlaryna ümzük atagan bolup, olaryň özüni ellerine alyp götermegini halaýarlar. Diňe öz içki dünýäsi bilen ýaşaýan garasöýmez çagalar seýrek halatlarda wazzyk-wuzzuklap güjürdeýän bolsalar, bir ýaşa ýetmedik ker çagalar birneme düşnükliräk dillerini aýlap, ses berýärler.

Olardaky kemakyllykda akylyň peselişi has giňişleýin bolup, hili boýunça başga häsiýete eýe bolýar. Beýle näsaglar köp derejede sözüň ähmiýetliligini ulanýarlar, mundan-da daşary, Daunyň sindromynda töwerekdäkiler bilen emosio-

nal gatnaşyklary gurnamaga belli bir derejede ukyply bolýarlar. Autizmli çagalar, adatça, pikirlenmäniň paranoid hem gallýusinasiýalar bilen geçýän bozulmasyny ýüze çykarmaýarlar.

Çaga şizofreniýasynda kesel giç başlanyp autizmi däl-de, keseliň nesil yzarlaýşyny görkezýär. Çaga şizofreniýasynyň psihopatologiki aýratynlyklary, birinji nobatda näsagyň daşarky dünýäden üzňeligi, daş-töwerekdäkiler bilen aragatnaşyklarynyň gowşaklygy, sowuk-salalygy, çaga autizminden tapawutlylykda psihiki prosesleriň geçişiniň bölünmesi, hyýaly we hakyky zatlaryň çäkleriniň aýyl-saýyl edilip aýrylmasy, içki keselbentlikli oý-pikirlere batylmagy, keselbentlikli fantaziýalaryň, bölekleýin paranoid alamatlarynyň, rudimentar gallýusinasiýalaryň we psewdogallýusinasiýalaryň, şeýle-de gaýry önjeýli psihopatologiki fenomenleriň barlygy bilen baglanyşykly bolýar, aragatnaşyklara bolan islegdir-zerurlygyň barlygynyň duýulmazlygy instinktler sferasynyň gowşaklygy bilen şertlendirilen emosional duýgurlygyň peselip gyjyndyryjylara öz wagtynda jogap bermeginiň gijigýänligi bilen baglanyşykly bolmaýar. Şonuň bilen baglylykda-da şizofreniýaly çagalaryň özlerini alyp baryşlary geň galdyrýan enaýylygy, çendenaşa aýnylygy, yzygiderlikli bitewilikde geçirilmän, bölekleneligi bilen tapawutlanýar. Hemme zatdan çetde durup, aragatnaşyklary pes, emosional duýgulary peselen garasöýmez çagalar ýakyn adamlary bilen habar alşanlarynda-da söhbetdeşlige döwtalap bolup, diýseň ynanjaň gaýry adamlara-da mylaýymlyk bilen garap, olaryň gujagynda oturyp berýän soraglaryna jogap gaýtarýarlar, hödürlenen süýji-kökäni alyp, çekinmän iýýärler.

Şizofreniýadan tapawutlylykda çaga autizminde emosional – erk kemisligi 2-3 ýaşynda näsaglanlarda ýüze çykmaýar; keseliň geçişinde progrediýentliligem bolmaýar.

Rettiň sindromynyň geçisinde çaga autizmine düýbünden häsiýetli bolmadyk barha beterleýän newrologiki bozulmalaryň çylşyrymlaşmagy ýüze çykýar.

Turettiň sindromy bar bolan näsaglaryň gürläp bilme endikleri birneme gowrak ýagdaýda saklanyp, olar özlerini alyp baryşlarynyň sagdyn dälligine düşünip, müýnürgeme bilen şony düzedip bilmeýändiklerine ahmyr edýärler. Psihososial depriwasiýanyň has uzaga çekýän halatlarynda tapawutlandyryş kesgidiniň goýulmagyny höweslendirme şertleri gowulandyrylanda özüňi kommunikatiw taýdan alyp barmagyň tiz gowulaşmagy kömek edýär.

*Bejergisi.* Bejerginiň esasy üns berilýän taraplary çaganyň diliniň kämilleşip gürläp bilşiniň gowulaşmagyny güýçlendirmäge hem-de çaganyň sosial ösüşini gowulandyryp, özüni alyp barşynyň ýagdaýa we geçýän wakalardyr hadysalara bap getirilmegine gönükdirilmegidir. Özüňi alyp barşyň bejergisiniň maksatnamasy belli bir näsaga niýetlendirilen bolmalydyr, çünki geçirilýän bejerginiň usullary näsaglaryň birine gowy täsir etse, beýlekisine ýeterlik täsir etmezligi, hatda düýbünden bolmazlygy hem mümkindir. Çagany göz astyna alyp, oňa yzygiderli gözegçilik

etmek möhümdir, çünki klinikada alnan endiklerden maşgala şertlerinde-de peýdalanylmagy dowam etdirilip, olardan haýyr tapýanlygyna göz ýetirmek zerurdyr. Şol sebäpli-de çaganyň hassahanada saklanylmagy juda uzaga-da çekdirilmeli däldir.

Dermanlar bilen bejermek autizmiň geçişini özgertmeýär. Ýöne olary hereketleriň çendenaşa batlylygyny, özüňi alyp barşyňda ýykan-ýumranlyga ýüz urulmagyny peseltmek, ukusyzlygyň döremeginiň gözegçilige alnyp, zerur çäreleriň geçirilmegine ýardam edýänligi üçin ulanmaly. Şol maksatlaryň amala aşyrylmagy üçin galoperidol (5-8 ýaşly çagalar üçin onuň 0,5-4 mg, has ulurak ýaşdakylara bolsa 2-10 mg-yň günde berilmegi bellenilýär) berilýär. Ol özüňi alyp barşyň ýaramaz alamatlarynyň aýrylmagyna ýeterlik derejede täsir edýär. Özüňi alyp barşyň düzediliş usullary bilen utgaşdyrylyp ulanylanda bolsa gürläp bilmek hem-de durmuşa uýgunlaşyp bilmek endikleriniň alynmagyny güýçlendirýär. Galoperidol bilen bejerginiň arasy üzülmän geçirilip her 6 aýdan soň şonuň berilmesi kesilip, mundan aňryk dowam etdirilmeginiň zerurlygynyň barlygy ýa-da ýoklugy anyklanylyp kesgitlenilýär.

Antikonwulsantlar utgaşyp geçýän tutgaý alamatlarynyň ýüze çykmasyny bejermek üçin ulanylýar.

**Rettiň alamatlar toplumy (sindromy).** *Epidemiologiýasy.* Munuň halkyň arasynda ýaýraýşy orta hasapdan 10-15 müň adamdan biri bolup, ol maşgalanyň maddy durmuş ýagdaýyna bagly bolmaýar. Başda bu kesel diňe aýallarda bolýar diýlip hasaplanylýardy, ýöne soňky ýyllarda erkekleriň iki-ýekesinde-de «şol kesel bolaýmasyn» diýlip çak edilýän halatlary-da gabat gelýär.

Etiologiýasy we patogenezi. Keseliň nesil yzarlaýjylygynyň üsti açylyp tassyklanylypdyr. Patogenezine degişli bolan sowallar bolsa gutarnykly çözülmän häli-häzirlikçe jedelliligine galýar. Keseliň genetiki tebigaty x-hromosomanyň döwülegenligi hem-de replikasiýa prosesinde ugrukdyryjy genlerde mutasiýa (nesilyzarlaýjylyk ukybyň özgermesi) bilen baglanyşdyrylýar. Beloklaryň ugrukdyryjy dendritleriniň ençemesiniň saýlap-seçip alyp bilmesinde-de kemislikleriň barlygynyň, bazal gangliýalarda bolsa glýutamin reseptorynyň mukdarynyň azlygy, guýruk ýadrosynda dofaminergiki reseptorlaryň ýetmezçiligi, holinergiki funksiýanyň bozulmasy ýaly ýagdaýlaryň üsti açylan. Şonuň esasynda bolsa neýrotrofiki faktorlaryň «arasy kesilen ösüş» diýen D. Armstrongyň ylmy çaklamasy ýatandyr. Aşaky motor neýronlarynyň, bazal gangliýalaryň zeperlenmegi muňa oňurga ýiliginiň, beýni sütüniniň we gipotalamusyň goşulyp utgaşanlygam çak edilýär.

Rettiň alamatlar toplumynda morfologiki özgerişleriň analizi çaga doglandan başlap beýnisiniň ösüşiniň haýal geçýänligini, dört ýaşyna ýetende bolsa onuň togtadylýanlygyny görkezýär. Şeýle-de, göwräniň we bedeniň aýry-aýry agzalarynyň (ýüregiň, bagryň, böwrekleriň hem dalagyň) ösüşiniň haýalladylanlygy bellenilýär.

*Klinikasy.* Ante- we perinatal döwürlerde, çaganyň ilkinji ýarym ýaşynda ösüşiň gidişi kanagatlanarly bahalandyrylýar, ýöne köp halatlarda dogabitdi gipoto-

niýanyň, hereketlenme endikleriniň esaslarynyň ösüşiniň az-owlak yza galýanlygyny-da belleýärler. Kesel çaganyň dört aýlyk döwründen başlap, iki ýarym ýaşa ýetinçä dowam edýär, ýöne şonuň aýdyň ýüze çykyşynyň ýygjamlary alty aýlykdan birýarym ýaşlylarda duşýar.

Keseliň geçişini 4 tapgyra bölýärler:

1-nji tapgyr (çaganyň ýaşy 6-12 aýlyk): myşsalaryň tonusynyň gowşaklygy, penjeleriň hem dabanlaryň uzynlygyna ösüşiniň, şeýle-de kelleçanagyň ösüşiniň haýallamasy;

2-nji tapgyr (ýaş 12-24 aýlyk): göwräniň hem ýöreýşiň ataksiýasy-hereketleriniň ugrukdyrylyp bilinmän bitertip geçirilişi, elleriň hallan atdyrylyp silkelenilmesi, barmaklaryň tükeniksiz hereketlendirilmesi;

3-nji tapgyr: ozalky alnan endikleriň, oýnap bilme ukybynyň, kommunikasiýalaryň (şol sanda-da görnüşlileriniň hem) ýitirilmegi;

4-nji tapgyr: gürläp bilşiň bozulmagy, eholaliýalaryň (eşdilen sözleri, sesleri gaýtalamak) döremegi, çalyşmalaryň nädogry ulanylmasy.

*Birinji tapgyr* – stagnasiýa. Çaganyň psihomotor ösüşiniň haýalladylmagyny, kellesiniň ösüşiniň haýalladylmagyny, oýunlara gyzygynyň gaçmasyny, myşsalaryň tutuşlaýyn gipotoniýasyny (gowşaklygyny) öz içine alýar.

*Ikinji tapgyr* – nerw-psihiki ösüşiň regresi bolup, ol howsalanma tutgaýlary bilen geçip, çagany «çirkin gygyrdyp» ukusyny bozýar. Birnäçe hepdäniň dowamynda çaga ozalky alan endiklerini ýitirip, gürlemesini goýýar. Birsyhly gaýtalanýan hereketler edilip – «el ýuwulma», ýumruklaryňy tükeniksiz düwüp-ýazyp durma, barmaklarynydyr ellerini sorup dişlemek, elleriň bilen tükeniksiz gaýtalama bilen döşüňe kakmak hem ýüzüňi sypalamak, apraksiýa (zatlaryň nirede näme üçin ulanylýanlygyny düşünmezlikden hereketleriň dogry ugrukdyrylyp bilinmezligi) we ataksiýa (hereketleriňi dogry ugrukdyryp bilmezlik). Ýörelende deňagramlylyk bozulyp ýöremä bolan ukyp ýitirilýär. Çagalaryň ýarpysyndan gowragynda dem alşyň 1-2 minut dowam edýän apnoýe görnüşindäki bozulmasy döräp, ol bolsa wentilýasiýanyň çalşyrylmalary bilen gaýtalanýar. Ol gezip ýörlen halatlarda, çaga ukudaka dem alşyň bozulmalary bolmaýar. Rettiň sindromy bar gyzjagazlaryň 50-80%-de dürli görnüşdäki garaguşagyry tutgaýlary ýüze çykýar, olaryň antikonwulsantlar bilen bejerilmesi çetin bolýar. Köplenç halatda, olar tutuşlaýyn toniko-kloniki tutgaýlar, toplumlaýyn (kompleksleýin) hem ýönekeý parsial tutgaýlardyr.

Regress fazasyndan soňra – has içine uzaga çekýän mekdep ýaşyna ýetmedik hem mekdep ýaşlylaryň irkileriniň döwrüni öz içine alýan *üçünji – psewdostasionar tapgyry* başlanýar.

Çagalaryň ýagdaýy kanagatlanarly bolýar. Ilkinji bolup aýdyň bildirýän zatlar çuňňur kemakyllyk, tetaniki geçýän tutgaýlar, myşsa distoniýasy, ekstrapiramid

bozulmalar, ataksiýalar, giperkinezler bolýar. Bimaza edip howsala salýan güýçli tutgaýlar bolmaýar.

Durmuşyň ilkinji on ýylyndan soň hereketlenmeleriň bozulmasynyň güýçlenip beterlemesini öz içine alýan – *4-nji tapgyr* başlanýar. Näsaglar hereketlenip bilmeden galyp, gymyldaman doňdurylan ýaly bolup oturýarlar, myşsalaryň büzülip gysylmasy güýçlenip, ol barha artyp başlaýar, myşsalaryň atrofiýasy, ikinji nobatdaky deformasiýalar – skolioz (oňurganyň gapdala gyşarmasy) döreýär, aýaklarda aglaba wazomotor bozulmalar peýda bolýar. Kaheksiýanyň (uçursyz arryklamanyň) döräp ösmegine bolan ýykgynlyk hem güýçlenýär. Myşsalaryň büzülip-ýazylyp geçýän tutgaýlary seýrek duşýar. Jynsy ösüşiniň togtadylmaýan ýagdaýynda boýuň ösüşiniň yza galmasy häsiýetli bolýar. Kaheksiýanyň döremegine bolan ýykgynlyk ýokarlanýar. Myşsalaryň büzülip ýygrylmasy bilen geçýän tutgaýlar seýrek duşýar. Rettiň sindromy bar bolan näsaglarda hereketlenmeleriň ähli sferasynda tutuşlaýyn peselmäniň döremegi netijesinde zaýalanman, has abat galýanlary emosional habarlaşma bilen ýakyn adamlaryna mylaýym mähirliligi, şonuň bilen bile bolmany gowy görmesi, olaryň psihiki ösüş derejesine bap gelýär.

*Kesel kesgidi.* Rettiň sindromynyň kesgidiniň goýulmagy üçin näsagyň ýagdaýy aşakda görkezilen alamatlara gabat gelmelidir: 1) pre- we perinatal döwürleriň aýdyňdan düzüw bolmagyna, ilkinji bäş aýyň içinde psihomotor ösüşiň we doglandaky kelleçanagyň göwrüminiň edilýän talaplara dogry gelmegi; 2) bäş aýlyk bilen dört ýaş aralygyndaky döwürde kelleçanagynyň ösüşiniň haýalladylmasy, 5 aýlyk bilen ikiýarym ýaş aralykda ozal alnan el endikleriniň ýitirilip, şonuň bilen bilelikde-de özüni kommunikatiw alyp barmaklygyň bozulmalarynyň bolmagyna, ugrukdyryp bilinmeýän ädimleriň ynamsyz basylyşy bilen göwräniň gerekmejek hereketleriniň edilmegine; 3) ekspressiw hem reseptiw gürleýşiň agyr bozulmalarynyň döremegine, äşgär bildirýän psihomotor haýallanylmagyna; 4) elleriň birsyhly birmeňzeş hereketlere (ýumrugyny düwmek, elini gaňyrmak, barmaklaryny sormak, ellerini ýuwýan ýaly hereketleri etmek), el endikleriň ýitirilmegi bilen bir wagtda ýüze çykýanlaryna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Keseliň tizlik bilen yza serpigip, hereketlenme we kommunikatiw endikleriň ýitirilmesi bilen geçýän çaga neýronal seroid lipofussinozyna häsiýetli bolýar. Tapawutlandyryş kesgidiň geçirilmegi dokumalaryň elektronmikroskopiki barlagyny talap edýär. Rettiň sindromyna çaga autizminde duşmaýan şeýle alamatlar häsiýetli bolýar: hereketleriň haýallap gowuşgynsyzlanmasy, aýaklaryň arasynyň giňden açylyp üýtgeşik häsiýetli ädimlenmesi, elleriniň birsyhly gaýtalanyp eplenip-ýazylyp durmasy, towlanylmasy, «eliň ýuwulýan» ýaly hereketleriň gaýta-gaýta edilmegi, şolary tüýküligi bilen öllemek, barmaklarynyň aýry-aýrylaryny ujundan tutup çekmek we olary ortaky bogunlarynda eplemek, aram-aram agzyndan demini sojap almak, öz ýagdaýyňa ahmyrdyr gynanjynyň bildirilmezligi. Öz nobatynda çaga autizminde Rettiň sindromynda duşmaýan ala-

matlar hem häsiýetli bolýar: görkezilýän mylaýymlykdan, mähir-muhabbetden sowuk-salalyk bilen açyk ýüz öwürmek, jansyz zatlara bolan höwesekligiň ýokarylygy, birsyhly gaýtalanyp geçirilýän oýunlar bilen gümra bolmak.

*Bejergisi.* Bejergi aglaba alamatlaryň aýrylmagyna gönükdirilen bolýar. Munuň üçin saýlanylyp alynýan derman bromokriptin ýa-da parlodel bolýar. Garaguşagyry tutgaýlary bar bolanda antikonwulsantlaryň (karbamazepiniň) ulanylmagy, şeýle-de maşgala bejergisiniň geçirilmegi maslahat berilýär. Çaganyň durmuşa öwrenişip uýgunlaşyp bilmesini ösdürýän hem-de gerekli endikleriň alynmagyna ýardam edýän terbiýe beriş işiniň giňişleýin geçirilmegi zerurdyr. Näsaglaryň gipodinamiýasy (hereketleriniň gowşap azalmagy) ünsüň dykgatly berilmegini talap edýän ýagdaýdyr, çünki şol çagada elektrolit balansynyň (deňagramlylygynyň) bozulmagyna, ganazlyga, ýatylanda deriniň üstüne agram salynýan ýerlerinde ýagyr ýaralaryň emele gelmegine, deriniň soýulmagyna getirip biler.

**Aspergeriň alamatlar toplumy (sindromy).** Bu seýrek duşýan ýagdaý bolup, muny ilkinji bolup Asperger (1944) ýazyp beýan edipdir. Autizmdäki ýaly özüňi alyp barşyň sosial bozulmalary bilen häsiýetlenýär we ösüşiň hem gürleýşiň maksadalaýyk hereketler arkaly geçirilmeginiň birsyhly gaýtalanýan görnüşi bolan stereotipiýa bilen utgaşýar.

*Epidemiologiýasy.* Akyl-huşy ýerindäki çagalaryň arasynda bu kesel olaryň 10000-den 10-26-synda duş gelýär. Kemakyllygyň ýeňil görnüşlisi bilen bilelikde geçýänleri 10000 çaganyň 0,4-0,6-synda duş gelýär. Näsaglanlaryň arasynda oglanlar köp bolýar (4-10:1).

*Etiologiýasy.* Etiologiki nazaryýetiň nukdaýnazaryndan bu sindrom heniz ýeterlik derejede öwrenilmänligine galýar. Kähalatlarda bu sindrom çaga autizminiň ýüzleý görnüşine çalym edýän hem bolsa, ýöne ol aýratyn özbaşdak keseldir. Pre-, perinatal hem-de postnatal çylşyrymlaşmalar, nesilyzarlaýjylyk ýagdaýyň agyrlygy, EEG-de hem KT-de bolan gyşarmalar bozulmanyň tebigatynyň neýrobiologikiliginiň çak edilmegine mümkinçilik berýär.

*Klinikasy.* Üç ýaşa ýetilýänçä muňa ösüşiň özgermän gowy geçýänligi häsiýetli bolýar. Soňra ulular hem-de deň-duşlar bilen aragatnaşyk saklamak bozulyp başlaýar. Gürleýiş bir äheňli bolýar. Çaga beýlekilerden arasyny açyp hemmeden üzňelikde bolýar, wagtynyň köpüsini birmenzeş zatlara gyzyklanyp geçirýär. Näsaglar habarlaşanlarynda tutgaýsyz oňaýsyzlygy duýup, gürleşenlerinde ýa-ha çendenaşa dymagan, ýa-da lakgyldap köp gürlegen, ýaňragan bolýarlar. Gürleşenlerinde söhbetdeşiniň gyzyklanmalaryny hem-de aýdýan zatlaryny berýän jogaplaryny hasaba almaýar. Söhbetdeşligiň dymyp geçirilýäni hem hereketlerini ugrukdyrybilme endikleri ýoňsuz derejede bozulýar. Olar gürleýşiň geň-enaýy aýlaw-öwrümliligi ulanmak, sözleri birsyhly gaýtalamak, äheňiniň bap getirilmezligi, at çalyşmalaryň nädogry ulanylmagy ünsi özüne çekýär. Özüni alyp barşyny impulsiwlilik, kontrast affektler, isleg-küýsegler, hyýaldyr göz öňüne getirmeler

kesgitleýär. Logiki pikirleniş gowy ösen bolup, ýöne bilim-düşünjeler endigan, gyradeň bolmaýar. Ünsüň işjeň (aktiw), gowşak (passiw) görnüşleri durnuksyz bolýar. Çaga autizminden tapawutlylykda sözleýişde hem kognitiw ösüşinde göz-görtele bildirýän togtadylma ýüze çykmaýar. Motorika gödeňsiden tagaşyksyz, hereketlenmeler ritmiki geçirilmän, birsyhly gaýtalanylyp durýar. Daş keşbinde dünýäden doýgun ýaly bolan «owadan» ýüzi, ýüz-gözüni oýnadyşynyň hiç bir yşarat aňlatman doňan ýalylygy, göreçleriniň bimanydan boşluga bir nokada dikanlanylmagy, adamlaryň ýüzüne seretmekligiň çalak-çulaklygy, gözüniň dikanlanyp şolarda säginmeýänligi ünsi özüne çekýär. Höwesekliginiň ata-enä we beýleki ýakyn adamlara däl-de, jaýadyr içerä gönükdirilmegi olara häsiýetli bolýar. Adatça, alamatlar uly ýaşa ýetenlerde-de saklanyp galýar. Şu keselden ejir çekýänleriň aglabasynyň işläp bilmeklige ukyplary bolýar, ýöne beýleki adamlar bilen edýän aragatnaşyklary düşündirip sözläp bilmezlikleri sebäpli ugruna bolmaýar. Olaryň arasynda öýlenip nikalaşýanlary-da bolýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Asperger sindromynyň çaga autizminden tapawutlandyrylmagynda esasy zat gürleýşiň ösüşiniň umumy kada laýyk gelmegidir. Aspergeriň sindromynda näsaglar sözsüz maglumata gowy düşünip, ses äheňini söhbetdeşlikde gowy ulanyp bilýärler. Şizofreniýadan tapawutlylykda Aspergeriň sindromynda gallýusinator-paranoid, sosial endikleriň bozulmasynyň güýçlenip barha beterleşmesi we şizofreniýa hem-de beýleki psihiki keseller bilen kesellemä, dogabitdi nesil yzarlaýjylyga ýykgynlyk bolmaýar.

*Bejergisi.* Bejergi usullarynyň has täsirli görnüşi hökmünde şahsy kognitiw terapiýasy we sosial taýdan aýry-aýry hereketlenme endikleriniň türgenleşdirilmesi gerek. Hünär endikleriniň türgenleşmesi soňraky döwürde durmuşa uýgynlaşyp bilme ukyplarynyň döredilmeginiň esasyny tutýar. Pikiri dykgatlap onuň jemlenmesi bozulanda tijendiriji derman ritalin, howsalaly tukatlyk bilen geçýän ýagdaýlarda antidepressant prozak, obsessiw ýagdaýlarda bolsa anafranil ulanylýar.

**Çagalyk hem ýetginjeklik ýaşlarynda başlanýan özüňi alyp barşyň emosional bozulmalary. Giperkinetiki (hereketlenmeleriň öz erkli edilmezligi) bozulmalar.** *Epidemiologiýasy.* Etiki hem sosial medeni şertlere baglylykda munuň ýaýranlygy jahyllyk ýaşyna ýetmedik çagalaryň arasynda 1-6% töweregi bolýar: näsaglan oglanlaryň sany agdyklyk edýär (4-9:1). Näsaglaryň 40-70% hassahanada ýatyrylýanlar bolup, 30-50% hassahana salynman çaga psihiatrynyň gözastynda saklanýar.

*Etiologiýasy.* Bozulmanyň döremegine çaganyň irki ýaşlaryndaky pre- we perinatal döwürlerinde neýrosirkulýator, neýroendokrin, intoksikasion we mehaniki täsirleriň ýetirilmeginde, şeýle-de ýokanç keselleriň başdan geçirilmeginiň hem-de beýni şikesleriniň alynmagynyň netijesinde, subkliniki derejede beýni dokumalarynyň zeperlenmegi sebäp bolýar. Beýniniň sag tarapky ýarymşarynyň daşyny örtýän gabygynyň zeperlenmesinde giperaktiwlilik näsaglaryň 93%-de duş

gelýär. Perinatal döwründäki haýsydyr bir zyýan beriji täsirler giperaktiwliligiň döremegine getirýän has ähmiýetli sebäp diýlip hasaplanýar. Intoksikasiýalaryň arasynda täsiri biçak howply bolan gurşun hasaplanýar (gündelik durmuşda onuň esasy çeşmesi bolup jaýlara we beýleki öý goşlaryna hem halk hojalygynyň enjamlarynadyr gurallaryna çalynýan reňkler hyzmat edýär). Derman serişdelerinden benzodiazepinleriň, barbituratlaryň hem karbamazepiniň baglanşyklylygy hem ýüze çykarylypdyr. EEG-de spesifiki bolmadyk gyşarmalaryň göteriminiň ýokarylygy, KT-yň we IQ- profili adatça, kadasynda saklanylýanlygy görkezilýär. Kognitiw ýetmezçiligiň alamatlary mekdep endikleriniň we özüňi sosial taýdan alyp barşyň bozulmalaryna hem kemakyllyga garanyňda köpgörnüşli spesifiki däl bolýar.

Ýüze çykarylýan neýrohimiki gyşarmalar çapraz bolup, gapma-garşy gelmeýänligi sebäpli etiopatogeneziň özbaşdak gipotezasynyň kemala gelmegine mümkinçilik bermeýär. Beýniniň ösüşiniň ýetginjeklik döwründe kompensirlenmesiniň togtadylmagy hem bozulmanyň döremegine sebäp bolup biler. Keseliň döremegine uzaga çekýän emosional depriwasiýa, iýmit ýetmezçiligi we psihososial stres ýaly ýagdaýlar hem itergi berip biler. Iýmitiň çökder ýetmezçiliginde çaganyň ilkinji ýaşynyň içinde olaryň 60%-de giperaktiwlilik hem ünsüň bozulmalary ýüze çykýar. Çaga ýaşyndaky komorbidliligiň beýleki bozulmalar bilen utgaşmasy ýokary bolýar (sosial taýdan özüni alyp barşynyň, hereketini maksadalaýyk ugrukdyryp bilmesiniň, mekdep hem gürleýiş endikleriniň bozulmalary, affektiw bozulmalar kognitiw defisiti). Umumy ösüşi bozulan çagalara giperaktiwlilik şeýle bir adaty bolýar, bu ýagdaýda goşmaça kesgidiň goýulmagy zerur bolmaýar.

*Klinikasy.* Ýagdaýyň kliniki taýdan kesgitlenmesiniň çylşyrymlylygy çaga bilen gürleşilende, köplenç, onuň özünde keseliň alamatlarynyň barlygyny ýaşyryp ýok diýmegi hem şikaýat etmezligidir. Çaganyň ýagdaýy baradaky esasy maglumatlary ene-atanyň hem mugallymlaryň gürrüňlerinden we tebigy şertlerde çaganyň özüni alyp barşyny synlama arkaly alyp bolýar. Bozulmanyň alamatlary bolmanda çalarak bildirýän görnüşde azyndan gözegçilik edilýän zolaklaryň üçüsinden ikisinde ýüze çykyp bildirmelidir (öý-içeri ýagdaýynda, mekdepde, lukmançylyk edaralarynda), çünki özüni alyp barşynyň ähli ýerinde ýüze çykmagy diňe ýagdaýyň agyr görnüşlilerinde bolýar.

Bozulma çaganyň has irki ýaşlarynda-da başlanyp biler (adatça, eneler öz göwresindäki çaganyň köp hereket edýänligi barada aýdýar). Näsaglan çagalar emýän döwründe az uklap sensor gyjyndyryjylaryň islendigine ýokary bolan duýgurlygy görkezýär. Ýagdaýyň ýeňilräk görnüşlisinde giperaktiwligiň alamatlary çaganyň adaty işjeňliginiň ýönekeý görnüşde güýçlendirilmesi bilen hem ýüze çykyp biler. Şeýle-de, olar çaganyň ýaşyna-da bagly bolýar – çaganyň ýaşy kiçi boldugyça onuň hereketleri öz isleglidir-özygtyýarly bolup, ýöne şeýle-de bolsa töwerekde bolup geçýän zatlaradyr hadysalara gatybir bap gelmeýär. Motorikanyň bozulmasy diňe bir giperaktiwlik bilen häsiýetlenmän, eýsem, garaşylýan işjeňligiň

sosial zatlara, baplandyrylyp, dogry ugrukdyrylyp bilinmeýänligi bilen häsiýetlenýär (meselem, synp otagynda haýal-ýagallykly hereketlenmeler görkezilip, has batly hem takyk hereketler oýnalynýan meýdançada görkezilýär). Çaga ukudaka hereketlenme işjeňligi ýokarlanyp biler. Ünsüň bozulmasy onuň sanynyň azaldylmagy bilen ýüze çykarylman (meselem, çaga aýdylýan zatlara gulak asman, özi bilen gürleşýän adamdan salyhatsyzlyk bilen ýüzüni öwrüp, nazaryny sowýar), eýsem, onuň ugrukdyrylyp dörän ýagdaýa laýyklykda gerekli tarapa gönükdirilme mümkinçiligi bolmaýar.

Impulsiwliligiň özenli häsiýetleriniň biri-haýsydyr bir zady döredýän ýagdaýyň sebäbi bilen getirýän netijeleriniň arasyndaky arabaglanyşyga göz ýetirip bilmän, şonuň netijesinde-de çaga özüniň edýän hereketleriniň nähili ýagdaýlara getirjekligini öňünden görüp bilmeýär. Özüni alyp barsynyň sosial taýdan bozulmasyndan tapawutlylykda düzgün-tertibiň bozulmasy, adatça bilkastlaýyndan edilen bolmaýar. Näsaglar adaty seresaplylykdan mahrum bolup, howply pursatda akylly-başly hereket etmegi başarmaýarlar. Impulsiwliligiň ýüze çykarylyşynyň özenli alamatlarynyň biri agressiwlikdir. Ol näsaglaryň 75%-de duş gelýär. Impulsiwliligiň dinamikasy emosional hem sensor tijendirilişiniň derejesine, açlyk hem ýadawlyk ýagdaýlaryna gabat gelýär. Alamatlar goh-galmagally synp otagynda, parahatlyk ýagdaýyndaka garanyňda has äşgär ýüze çykýar. Ujypsyzja sähel zat üçinem uçursyz güýçli gahar-gazaba gelnilip düwläp durmak äşgär ýüze çykýan durnuksyzlyk bilen utgaşýar-da, gülüp duran çaga ýarym-ýaş bolup, aglap başlaýar. Oglanlara garanyňda gyzlarda giperaktiwliligiň derejesi has pes bolup, howsala düşmek, keýpiň özgerip durmasy, pikirlenişiň hem gürleýşiň bozulmalary häsiýetli bolýar.

Ýetginjeklik ýaşyndakylarda keseliň geçişi okadylmagyň kynlaşanlygy ünsi özüne hasam ýokary derejede çekýär. Hereketlenmeleriň giperaktiwligi, köplenç halatda ýetginjeklige ýetiberende ýa-da ondan hem biraz irräk düzelýär, impulsiwlilik bolsa saklanyp uzaga çekýär, takmynan, näsaglaryň dörtden birinde çaga ulalandan soň hem saklanyp galýar. Iň soňundan ünsüň bozulmalary düzelýär. Gowulaşmanyň başlanyşy 12 ýaşa ýetmediklerde gümürtik bolýar. Ýetginjeklik döwründe populýasiýasy bilen deňeşdirilende sosial endikler we özüni bahalandyrylyş pes bolup, alkogolyň hem neşe serişdeleriniň ulanylyşy ýokary bolýar, öz-özüni heläklemä bolan hereketler ýygjam edilýär, kanun bilen oňuşmazlyk häli-şindi ýüze çykýar. Şu zatlaryň barysynyň bozulma häsiýetli bolan alamatlar bolman, ýagdaýyň çylşyrymlaşanlygynyň nyşanlary bolaýmagy-da ähtimaldyr.

Uly ýaşly näsaglaryň 25%-de şahsyň dissosial bozulmasy kesgitlenilip ýüze çykarylýar, şonuň esasynda-da ýetginjeklik ýaşy aňry gitdigiçe özüni alyp barşynyň sindromyň düzümindäki dissosial komponentiniň barha artdyrylmagyna getirýär.

*Kesel kesgidi.* Giperkinetiki bozulmalaryň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilen görkezijilere laýyk gelmelidir.

I. Ünsüň bozulmasynyň ýüze çykmasynda çagalarda alamatlaryň altysyndan az bolmaýandygy ýüze çykyp bildirmelidir: 1) mekdep ýa-da gaýry tabşyryklaryň anygyna ýetilmä ýeterlik ünsüň bölünmezliginiň esasynda şolary ýalňyşsyz ýerine ýetirip bilmezlik; 2) amala aşyrylýan haýsydyr bir işiň ýa-da oýnuň ahyryna çenli ýetirilmezligi; 3) aýdylýan zady diňlemezlikleriniň ýygjam duşmagy; 4) adatça, mekdep we gaýry tabşyryklaryň amala aşyrylmagy üçin berilýän düşündirişleridir öwüt nesihatlara eýermäni başarmazlygy; 5) köplenç halatda amala aşyrylýan işiň dogry gurnalyp bilinmezligi; 6) dümtünip oturylyp, erjellik hem durnuklylyk görkezilmeli halanylmaýan işden gaça durmaklyk, 7) tabşyrylan işiň amala aşyrylmagy üçin möhüm bolan zatlaryň (hat ýazma üçin zerur bolan serişdeleri, kitaplary, oýunjaklary, iş esbaplarydyr gurallary) häli-şindi ýitirmek; 8) adatça, daşarky täsirlere ünsleri bölegen bolmak; 9) köplenç halatda zatlary hakydasyndan çykaryp ýörmek.

II. Giperaktiwlik. Alty aýdan az bolmadyk möhletiň dowamynda, çaganyň ösüşiniň şu tapgyryna gabat gelmeýän şu toparyň äşgär bildirýän alamatlarynyň üçüsinden az bolmadygynyň bildirip ýüze çykmagy: 1) häli-şindi eldir-aýaklaryny galdyryp hereketlenmeleri ýa-da oturgyçda pyrlanmalary; 2) mekdep synpynda ýa-da başga bir ýerlerde oturylmany talap edýän ýagdaýlarda turup gitmekleri; 3) nämedir bir zadyň ylgap daşyndan aýlanmak ýa-da bir zatlara onuň derkarlygynyň düýbünden ýok ýagdaýynda dyrmaşmak; 4) oýun oýnanlarynda, köplenç halatda şowhunly gykylyklamany halap, wagtyny ýuwaşlyk bilen asudalykda geçirmäni oňarmazlyk; 5) sosial taýdan gadagan edilme arkaly gözegçilik edilip bolunmaýan artykmaç hereketleriň edilmegini durnuklylyk bilen görkezmek.

III. Impulsiwlilik. Alty aýdan az bolmadyk möhletiň dowamynda çaga ösüşiniň şu tapgyryna gabat gelmeýän toparynda alamatlaryň äşgär ýüze çykyp bildirýänleriniň bolmanda biriniň ýüze çykmagy: 1) köplenç halatda berlen soragy ahyryna çenli diňlemän howul-hara duran ýerlerinden galýarlar-da, howlukmaçlyk bilen jogap berýärler; 2) köplenç halatda oýunlarda, ýa-da toparlaýyn geçirilýän çärelerde sabyr-takatlylygyny saklap bilmän öz nobatyna garaşmaýarlar; 3) köplenç halatda beýleki gürleýäniň sözüni bölüp, olara päsgel berýärler (meselem, başgalaryň gürrüňlerine, ýa-da oýunlara goşulýarlar); 4) köplenç halatda çendenaşa ýaňra bolup, sosial çäklendirmelere adaty bolmalysy ýaly garamaýarlar.

IV. Bozulma 7 ýaşyna ýetmediklerde başlanýar.

V. Özüni giperkinetiki alyp barmanyň hakykata laýyk gelýän maglumaty üznüksiz gözegçilik edilýän sferanyň bolmanda birinden gowragyndan alynmalydyr (meselem, diňe bir öýde däl-de mekdepden, şeýle-de klinikadan), çünki ata-eneleriň çagasynyň mekdepde özüni alyp barşy baradaky berýän gürrünleriniňdir maglumatlarynyň ýeterlik bolmazlygy mümkindir;

VI. Alamatlar sosial, okuw hem önümçilik işlerinde aýdyň bildirýän äşgär bozulmalaryň döremegine getirýär;

VII. Ýagdaý ösüşiň umumy bozulmalaryna, affektiw epizodlaryna hem howsalaly bozulma gabat gelmeýär.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Üç ýaşa ýetenlerde giperkinetiki bozulmany adaty işjeň joşgunlylykdan tapawutlandyrmagyň kyn bolmagy ähtimaldyr, şonuň üçin munda kesgit gijräk goýulýar. Giperaktiwlik hem-de ünsüň sowlup durmasynyň ýokarlanmagy, howsalaly epizodlaryň häsiýeti ýaly giperkinetiki bozulmadan tapawutlylykda wagta baglylykdaky aýdyň suratlandyrylan häsiýete eýe bolýar. Sosial stresiň täsir etmeginde giperkinezli näsaglar ikinji nobatdaky, hakyky depressiýadan tapawutlylykda hereketlenmeleriň togtadylmasynyň hem sosial üzňeligiň ýoklugynda depressiýa alamatlaryny ýüze çykarýar.

Bozulmany psihotiki ýagdaýdan tapawutlandyrmak aýratyn yhlaslylygy talap edýär. Çünki, psihozlarda psihostimulirleýji serişdeler ulanylanda, olar hakyky giperkinetiki bozulma has gowy täsir edýär-de, psihozlardaky alamatlary welin ýiteldip güýçlendirýär. Ünsüň kemisliginiň ýokary derejeliligi näsagyň psihotiki ýagdaýyndan ejir çekip, gam-gussa batanlygy, kynçylyk çekýänligi baradaky pikirleriň döremegine getirip biler. Häzirki garalan şu bozulmadaky işjeňligiň hem impulsiwligiň derejesi psihozly näsaglaryň öňünden özüni nähili alyp barjaklygynyň ýorulyp bolunmaýan ýagdaýy bilen deňeşdirlende mundaky ýagdaý özgermän bir durşuna saklanýar.

Ünsüň peselmesi we giperaktiwlik görşüň hem-de eşidişiň bozulmalary, newrologiki keseller (Sidengamyň horeýasy), deri keselleri (ekzema) bilen hem utgaşyp biler. Giperkinezler Turettanyň sindromy bilen kesellän näsaglara häsiýetli bolup, olaryň ýarysy hereketlenmesiniň togtadylanlygy bilen tapawutlanýar.

*Bejergisi.* Derman serişdelerinden has täsirlileriniň biri hökmünde çaga hem ýetginjek ýaşlylaryň takmynan, 75%-niň ýagdaýyny gowulandyran metilfenidat (ritalin) görkezildi. Möçberiň başky irden berilýäni 5 mg bolup, ol her üç günden 5 mg köpeldilýär-de, irden hem günortan bellenilýär. Täsir edişine baglylykda bir gije-gündizde berilýän mukdar 10-60 mg bolýar. Ritalin Turettanyň ýaşyryn sindromynyň ýüze çykarylmagyna getirýänligi sebäpli, anamnezde tikleriň hem-de şu keselde nesil yzarlaýjylygyň görnetin barlygy bu dermanyň şeýle ýagdaýlarda ulanylmaly däldigini nygtap görkezýär.

Dekstroamfetamin (deksedrin) alty sagadyň dowamynda täsir edip, şonuň bir gije-gündizde 5-40 mg-ň kabul edilmegi maslahat berilýär. Stimulýatorlara «yza serpikdirme» täsiri, özüni alyp barşynyň bozulma alamatlarynyň az-owlak güýçlenmesi we tikleriň peýda bolmagynyň ähtimallygynyň dermanyň ulanylan möçberiniň täsir edişi kesilenden soň döremegidir. Şeýle täsir etmeden dowamlylygy 24 sagatdan uzaga çekýän trisikliki antidepressantlar (melipramin, dezipramin) mahrum edilendir. Antidepressantlaryň ulanylmazlygyna görnetin görkeziji bolup «yza serpikdirme» täsiriniň juda ýokarylygy hem stimulýatorlaryň ýetirýän goşmaça täsiriniň hem ýokarylygy, şolara öwrendekli bolunmagyna şübhelenmäniň döreme-

gi, dermanyň gije-gündizde bir gezek ulanylmagyna isleg-küýsegiň döremegi, depressiw sindroma utgaşyp bilmesi we affektiw patologiyaýalary nesilyzarlaýjylygyň ýokarylygy hyzmat edýär.

Saýlanyp alynýan dermanlaryň ýene biri pemolin (silert) farmakodinamiki işjeňligi 12 sagat dowam edip dopaminiň agonisti bolup, bu dermany bir gije-gündizde bir gezek ulanmak bilen çäklenmäge mümkinçilik berýär. Ýagdaýyň durnukly gowulanmasy dermanyň bir gije-gündizki mukdarynyň 50 mg ýokary bolanda ýüze çykýar. Bir gije-gündizdäki aňrybaşy möçber 100 mg-a golaýdyr.

Ýokarda görkezilen dermanlar täsir etmände ýa-da olary bedeniň göterip bilmezligi ýagdaýynda (gan basyşynyň derejesiniň göz astyna alynma şertinde) klonidiniň karbamazepiniň, bupropionyň ulanylmagyny maslahat berse bolar. Bejerginiň psihoterapewtiki usullarynyň ulanylmagy köp derejede sosial şertlendirilen bolup, goşmaça kömek ýetirijilige häsiýetli bolýar.

**Özüni sosial taýdan alyp barşynyň bozulmalary.** Bu ýagdaý özüni alyp barşynyň destruktiw agressiw ýa-da asosial bozulmalaryny öz içine alyp, jemgyýetde kabul edilip ýöredilýän kadalaryň hem düzgün-tertipleriň bozulmasy bilen geçip, gaýry adamlara zyýan ýetirmek bilen häsiýetlenýär. Mundaky bozulmalar çagalaryň hem-de ýetginjekleriň sögüşip bulagaýlyk görkezmegine garanyňda, ondan has goýazydyr.

*Epidemiologiyasy.* Bu ýagdaý çagalarda hem ýetginjeklerde has ýygy duşýar. 18 ýaşa ýetmedik oglanlaryň 9%-de, gyzlaryň bolsa 2%-de döreýänligi ygtybarly görnüşde ýüze çykarylypdyr. Oglanlar bilen gyzlaryň aralygyndaky baglanyşygy 4:1, 12:1 aralygraklarda bolýar. Bu kesel çagalaryň ata-enesiniň asosiallylaryndakylarda ýa-da arakhorlarda has-da ýygy duşýar. Bu bozulmanyň agdyklyk etmegi sosial-ykdysady ýagdaýlar arkaly düzedilýär.

*Etiologiyasy.* Özüni alyp barşynyň bozulmasynyň esasynda birnäçe biopsihososial ýagdaýlar ýatandyr.

Ata-ene bilen aragatnaşyklaryň baglanyşygy. Çaga ýaramaz garamak ýa-da oňa gödeňsiden nädogry, salyhatsyz görnüşde ýüzlenmek, onuň özüni alyp barşynyň durmuşy şertlerine bap getirilmezliginiň üstünden eltýär. Etiologiki taýdan has möhüm bolany maşgalanyň dargadylmagy däl-de, ata-eneleriň oňuşmazlygy. Munda ata-enede psihiki bozulmalaryň, sosiopatiýalaryň hem arakhorlugyň barlygy möhüm rol oýnaýar.

Sosiomedeni nazary – sosial-ykdysady şertleriň agyrlygynyň barlygy çaganyň özüni alyp barşynyň bozulmagyna itergi berip, şolar hem sosio-ykdysady depriwasiýanyň şertlerinde kabul edilerlikli diýlip hasaplanýar.

Keseliň döremegine itergi beräýjek ýagdaýlar beýniniň az-owlak disfunksiýasy bilen organiki zeperlenmesi; ata-enäniň çagasyndan ýüz öwürmegi, internat jaýlaryna çaganyň has ir ýerleşdirilmegi; çaga zabun darama bilen nädogry terbiýe

bermek; terbiýeçileriň hem idegçileriň häli-şindi çalşyrylyp durulmasy; nikasyz dogulmak.

Çaganyň akylynyň ýeterlik derejede däldigi hem möhüm orna eýedir. IQ-nyň peselmegi durnukly alamatlaryň biri bolup, ol geçirilen ýörite barlaglar arkaly tassyklanylyp, näsagyň maşgalasynyň sosio-ykdysady ýagdaýyna bagly bolmaýar. Öňi bilen sözleýşi hem operatiw endikler peselen bolýar.

*Klinikasy.* Şeýle bozulmaly çagalara hem ýetginjeklere laýyk bolýan zatlar: töwerekdäkiler bilen gurnalýan aragatnaşyklarda duşmançylyk meýilli bolan ganymlary görmek; haýsydyr bir zadyň çözgüdini amala aşyrmak üçin göwnejaý, gerekli çykalganyň tapylmagynyň çetinligi; öz edýän agressiýalarynyň nämelere getirjekliginiň öňünden görülmesiniň pesligi; sebäpler bilen gelinjek ýagdaýyň aýratyn-da özüni hususy alyp barşynyň ýoýulan görnüşde görülmegi; töwerekdäkileriň pikirine üns berip şoňa düşünmä bolan ukybynyň ýetmezçiligi; tukatlyga ýokary duýgurlygyň görkezilip daşardan tijendirilip goltgy berilme mätäçliginiň barlygy. Belli bir derejede mekdep endikleriniň bozulmasy bilen baglylykda ýetişip bilmekligiň, üstünlikli okap bilmekligiň derejesiniň pesliginiň adaty bolmagy. Çylşyrymlaşma getirýän ýagdaýlaryň ýygy duşýanlary çilim çekmek, arak içmek hem psihoaktiw maddalaryň ulanylmagy.

Şeýle näsaglara öz deň-duşlary bilen durnukly arabaglanyşyklaryň gurnalmagyna bolan ukybyň ýoklugy ir-gözünden häsiýetli bolýar. Olaryň durmuş ýagdaýynda doly üzňeligiň döremegi, aram-aram özünden has ulular ýa-da kiçiler bilen dostlaşmasy hem-de gaýry dissosial bozulmaly çagalara göwnüýetmezçilik bilen ýüzleý seretmesi arkaly kesgitlenilýär. Olara hemişe öz-özlerini bahalandyrmasynyň pesligi häsiýetli bolup, şonuň öwezini olar «men diýen gaýratly» ýigitsiremäniň, batyrlyk satmanyň üsti bilen dolmakçy bolýarlar. Şu keşbi olar hemişe oýnaýarlar, çünki olarda şonuň hakykylygyna ynamlary bolman, göwünlerinde birsyhly ikirjiňlenmeler döräp durýar. Adatça, näsaglar özleriniň antisosial alnyp barlyşyny ýa-da ondan haýsydyr bir bähbidi arap peýda görjek bolmalaryny, öz deň-duşlarynyň hem ulularyň öňünde üstünlik gazanýandyklaryny ýaşyrjagam bolup duranoklar, olar özlerini gurşaýan dünýäniň garşysyna gidip, köre-körlük bilen göreşýärler, ýöne onuň getirjek netijeleri barada oýlanmaýarlar. Özüni söýmeklik, gopbamsyramaklyk ýokary derejede bolýar, olar özlerine edilen ýagşylyga minnetdarlyk bildirmek barada pikir hem etmeýärler. Gürrüňleşip, habarlaşmaklyga bolan endikleriň derejesiniň pesligi olary dawa turuzyp adamlaryň üstüne topulybermeklige, şol sanda zyna etme ýaly wejera, haram işlere-de baş goşma ýykgyn edýär. Eden etmişleri üçin olara berilýän temmiler özlerini alyp barşyna täsir edip düzetmän, tersine, olaryň kitüwini artdyryp, öňki duşmançylygyny, öçlüligini güýçlendirýär. Duşmançylykly garaýyş diňe bir atly-abraýly adamlaryň garşysyna gönükdirilen bolman, eýsem, öz deň-duşlarynyň garşysyna-da

gönükdirilip, özünden kiçilere we ejizlere heşelle kakyp, hezil etme bilen azar ýamanyny berýär, şondan hem lezzet alýar.

Olaryň lukman bilen geçirýän söhbetdeşligi hem üýtgeşik häsiýete eýe bolýar. Başda olar lukmana duşmançylykly göz bilen garap, özüni alyp barşynda kemçilikleriň ýoklugyny nygtap, özi barada başga kişilerden alnyp aýdylýan maglumatlary gahar-gazaba gelme bilen garşylaýarlar. Adamlar bilen gapma-garşy durulmaly bolanda olar oňa aç-açan agressiwligi görkezme ýa-da ökje göterip gaçma bilen jogap berýärler.

Sosial arabaglanyşyklary abatlygyna saklanyp galan näsaglara äşgär bildirýän sosial rahatlylygyň barlygy häsiýetli bolýar. Munda erk-ygtyýaryň sferasynda gowşaklygyň hem durnuksyzlygyň barlygy uly rol oýnaýar, şol sebäpli-de töwerekdäkileriň özüni alyp barşyndaky keşbini özgertmän köre-körlük bilen kabul edip göçürip alýar. Şonda hemişe diýen ýaly uly güýjüň sarp edilmegini talap etmeýän has ýeňil ýol saýlanyp alynýar. Bäbeklik döwründe hem irki çagalyk ýaşynda adatça, ejesi bilen mylaýymdan mähirli aragatnaşyklar bolýar. Özüni antisosial alyp baryş, adatça, ýagdaýyň gurşaýan ýerinde, öýden daşarda ýüze çykýar. Olaryň hemişe gatnaşýan dostlukly topary bolup, öz ata-eneleriniň eden-etmişlerini olara ygrarlylyk, wepalylyk bilen aýdyp ýörýärler.

Atly-abraýly şahslara garşy durmaklyk bolanda ululary aýry-aýrylary bilen durnukly we ynamly aragatnaşyklaryň gurnalmagy-da mümkindir.

Bozulmanyň geçişi oňaýsyz bolup, ýaşy aňry gitdigiçe kanunyň garşysyna gidip dawalaşma howpy artýar-da, edilýän jenaýatlar has agyr görnüşli bolýar. Bozulmanyň tamamlanyşynyň has agyr ýagdaýa getirýäni ýetginjeklik ýaşyna ýetiliberende şahsyň dissosial bozulmasynyň döräp, şonuň hem gelejekde sosial durmuşa uýgunlaşyp bilmegini peseltmegidir.

*Kesel kesgidi.* Özüni alyp barşynyň bozulmasynyň alty aýdan az bolmadyk möhletde dowam edip, şol döwürde-de keseliň ýüze çykyşynyň üç görnüşinden az bolmazlygydyr (kesgit 18 ýaşa ýetilmezinden ozal goýulýar): 1) ejir çekeniň habarsyz galmagynda hem garşylyk görkezmezliginde nämedir bir zady ogurlamak bir gezekden köp bolmalydyr (şol sanda-da resminamalary galplaşdyrmada); 2) Uzyn gijede öýden gaçyp gitmekligiň iki gezekden az bolmazlygy ýa-da bir gezek bolup yzyňa dolanyp gelmezlik (ata-ene, ýa-da idegleýän bilen ýaşalanda); 3) ýygy görnüşde ýalan sözlemek (temmi almakdan, ýa-da jynsy zorlugyň edilmeginde halas bolup sypmak üçin ýalan sözlemeden gaýrylary); 4) nämedir bir zatlary ýörite otlamaga gatnaşmak; 5) okuwa (işe) ýygjam barmazlyk; 6) çendenaşa ýygjam hem agyr gahar-gazaba gelinmäniň görkezilmegi; 7) kesekiniň öýüne, haýsydyr bir jaýa, ulaga bilkastlaýyn girmek; kesekiniň hususy emlägini bilkastlaýyn haraplamak; 8) haýwanlara zalymlygyň görkezilmegi; 9) kimdir birini özi bilen jynsy gatnaşyda bolmaklyga zor bilen mejbur etmek; 10) ýaragy bir gezekden köp ulanmak; köplenç halatda uruş turuzmanyň sebäpkäri bolmak; 11) göreşilmeden soň edilýän ogurlyk

(meselem, ejir çekeni urup gapjygyny silkäp almak; kimdir birini gorkuzyp zadyny bermäge mejbur etmek ýa-da ýarag ulanma arkaly talamak); 12) adamlara rehimsiz görnüşde zabun daramak; 13) özüniň dawalaşma döwtalaplygyny göz-görtele görkezip, birsyhly aç-açan gulak asmazlyk.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Özüni asosial alyp barşynyň aýry-aýry hereketleri kesgidiň goýulmagyna ýeterlik bolmaýar. Mundan bipolýar bozulmanyň, şizofreniýanyň, ösüşiň umumy bozulmasynyň, giperkinetiki bozulmanyň, maniýanyň, depressiýanyň çykarylyp aýrylmagy zerurdyr. Ýöne giperaktiwligiň hem ünssüzligiň ýeňil görnüşli situasion spesifiki ýüze çykarmasynyň barlygy; özüni bahalandyryşynyň pesligi hem emosional bozulmalaryň ýeňil görnüşleri özüni alyp barşynyň kesgidiniň goýulmagyna päsgelçilik döretmeýär.

*Bejergisi.* Özüni alyp barşynyň bozulmalarynyň düzedilmegi üçin psihoterapiýa ulanylyp, ol çaganyň şahsy ösüşiniň döwründe özüni alyp barşynda ýagdaýadyr durmuşa bap gelmeýän endikleri öwrenip, hadysalara jogap berýän nädogry reaksiýalarynyň düzeldilmegine gönükdirilip, özüni sosial uýgunlaşdyrylan görnüşde oňşukly alyp barmagynyň berkararlanmagy üçin ulanylýar. Has ýokary abraýy özüni bahalandyrylyşynyň pesliginiň dezadaptiw sosial stereotipleriň düzedilmegi, impulsiwligiň gözastyna alynma gözegçiliginiň özleşdirilip kämilleşdirilmesi üçin ulanylýan kognitiw bejergisi gazanýar. Adatça, bu maksatnama şahs ara gatnaşyklarynda bolup geçýän çylşyrymly ýagdaýlary gaýtalap, keşpli oýunlaryň ulanylyp özüni bahalandyryşynyň irki syrlaryny ýüze çykarýar.

Aýry-aýry ýagdaýlarda geçirilýän şahsy psihodinamiki psihoterapiýa gowy netijeleri görkezse-de, ýöne şonuň kynçylyk döredýän ýeri näsaglaryň köpüsinde geçirilmeginiň mümkinçiliginiň barlygynyň ýa ýoklugynyň kesgitlenilmezligi, şeýle-de daşyndan bildirýän etiopatogenetiki şertleriň agdyklyk edýän ýagdaýlarynyň barlygy bolýar.

Bozulmanyň genezinde maşgala ýagdaýlarynyň uly roly oýnamagynda maşgala bejergisiniň geçirilmegi gerekdir, çünki şonuň çäklerinde maşgalanyň tutuş strukturasynyň düzedilip, onuň näsagyň özüni alyp barşyna berýän adaty reaksiýasynyň özgerdilmegine giň ýol açýar. Iň soňky esasy zat – näsag bilen salyhatly gürleşip, mertebesini depelemän özara düşünişip bilmäniň türgenleşdirilmegi hem-de näsagy sylaglap höweslendirme we temmi berme çäreleriniň adalatly hem göterilip bilinjek kada getirilmegi. Bu ýerde aýratyn hem näsagyň özüni aç-açan agressiw alyp barmasynyň düzedilmegine gowy mümkinçilikler döreýär.

Psihofarmakoterapiýanyň getirýän netijeleri birmeňzeş derejeli bolman, onuň bozulmanyň etiologiki taýdan köpgörnüşli bolmagy bilen şertlendirilmegi ähtimaldyr. Gowy netijeler galoperidol, litiý we beta-blokatorlar ulanylanda gazanylyp, özüni alyp barşy bozulan näsaglaryň agressiwliginiň hem eksploziwliginiň (ugursyz gahar-gazaba gelmeginiň) pese düşmegine ýardam edýär. Şu dermanla-

ra rezistentlilik (çydamsyzlyk) dörände propranololdan üstünlikli peýdalanýarlar. Giperaktiwlik bilen utgaşyp geçýän bozulmalarda stimulýatoryň we bupropionyň ulanylmagy görkezilýär. Trisikliki antidepressantlaryň ulanylmagynda-da gowy netijeleriň gazanylýandygy bellenilip geçilýär, çünki özüni alyp barşynyň bozulmalary, köplenç halatda öz bolşuny aç-açan görkezmek bilen ýa-da ýaşyryn depressiýa bilen geçýär.

**Çagalardaky emosional bozulmalar.** Emosional (newrotiki) bozulmanyň kesgidi çaga psihiatriýasynda giňden goýulýar. Çaga psihiatriýasynda emosional bozulmalaryň we kämillik ýaşyna ýetenlerdäki newrotiki bozulmalaryň çaga ýaşlylara hem ýetginjeklere mahsus görnüşlileriniň arasynda emosional bozulmalary tapawutlandyrmak däbe öwrülen görnüşde geçirilýär. Şeýle tapawutlandyrma emosional bozulmaly çagalaryň aglabasynyň hiç bir kemsiz uly adam bolup ýetişýänligini, şolaryň az-owlagynyň arasynda ulalansoň newrotiki bozulmalaryň döreýänligini görkezýän ylmy-barlag işleriniň maglumatlarynda esaslandyrylýar. Tersine, uly ýaşlylarda döreýän newrotiki bozulmalaryň çagalygynda ähmiýetli bolan psihopatologiki özgerişleriniň bolmanlygy ony ygtybarly subut edýän ýagdaýdyr. Diýmek şu iki ýaşyň döwürlerinde duş gelýän emosional bozulmalaryň aralygynda ýeterlik derejedäki üzňeligiň bolmagyny ymykly görnüşde aýdyp bolýar. Duşuşynyň ýygjamlygyna görä, bu bozulma diňe çagalyk hem ýetginjek ýaşlylaryň özlerini alyp baryşlarynyň bozulmasyndan yza galýar.

**Çagalarda fobiki (gorkma) bozulmalar.** Newrotiki fobiýalar çendenaşa kiçi ýaşly çagalarda başlanyp, meseleleriň we dürli ýagdaýlaryň giň gerimine degip biler. Eger-de şolar ösüşiň haýsydyr bir ýaş topary üçin spesifiki bolmanda, onda olar newrotiki bozulmalaryň degişli bolan rubrikasynda hasaba alynýar. Şu ýerde-de çaga ösüşiniň belli bir fazasy bilen baglanyşykly bolan fobiýalaram bellige alynýar. Gaty bir güýçli bolmadyk fobiýalar çaga ýaşlylara adaty zat bolýar. Döreýän gorkular haýwanlara, mör-möjeklere, garaňky-tümlüge, ölüm-ýitime degişli bolýar. Olaryň ýaýraýşy hem ýüze çykyp bildirişiniň çäk aralygy ýaşa baglylykda özgerip duragan bolýar. Şu patologiýada ösüşiň belli bir fazasyna häsiýetli bolan, meselem, mekdep ýaşyna ýetilmezden haýwanlardan gorkma ýaly has äşgär ýüze çykarylýan gorkularyň barlygy bellenilýär.

Ýagdaýyň kesgidiniň goýulmagy üçin ol aşakdaky görkezijilere bap getirilmelidir: 1) gorkularyň başlanmagynyň ýaşyň belli bir döwründe gabat getirilmegine; 2) gorkynyň derejesiniň kliniki taýdan patologikligine; 3) howsala düşmäniň tutuşlaýyn bozulmanyň bir bölegini dälligine.

Çaga fobiýalarynyň aglabasy ýörite bejergi geçirilmände-de, ata-enäniň çagany goldap, şol işe yzygiderlilik bilen dogry çemeleşip, oňa göwünlik beren şertlerinde-de geçip gidýär. Ýönekeý bejerginiň geçirilip, gorkyny döredýän ýagdaýlaryň aýrylmagy özüňi alyp barşyň bozulmalaryny aradan aýyrmaklyga oňaýly täsir edip, gowy netijeleri berýär.

**Çagalaryň sosial howsalaly bozulmalary.** Nätanyş adamlaryň öňünde seresaplylygyň görkezilmegi 8-12 aýlyk çaga adaty bolýar. Bu bozulma nätanyş adamlar hem-de deň-duşlar bilen ýakynlaşmakdan durnukly hem çendenaşa görnüşde gaça durmaklyk häsiýetli bolup, ol sosial aragatnaşyklaryň ýola goýulmagyna päsgel berip, alty aý dowam edýär-de, çaganyň diňe maşgala agzalary ýa-da gowy tanyş adamlar bilen aragatnaşyk gurnama isleginiň äşgär ýüze çykýan ýagdaýy bilen utgaşýar.

*Epidemiologiýasy.* Bozulma ýygjam duşmaýar. Ol, köplenç halatda gyzjagazlarda döreýär, ýöne oglanlarda döreýäni ünsi has özüne çekýär. Onuň sebäbi, aýal maşgala adaty bolan ýuwaşlygyň hem utanjaňlygyň görkezilmegine garaşylmakdan gelip çykýanlygy mümkindir.

*Etiologiýasy.* Şu bozulmada genetiki taýdan şertlendirilen ýykgynlygyň barlygy ýüze çykarylypdyr. Näsaglaryň ata-enelerinde howsalaly bozulmalaryň maşgalanyň tohumyndaky derejesinden äşgär ýokarylygy mälim ýagdaýdyr. Keseliň döremegine itergi berýän şertler bolup konstitusional aýratynlyklar – temperament, psihologiki şikesler we çaganyň irki ýaşynda oňa jynsy zorlugyň edilmegi, uzaga çekip çaganyň sosializasiýalaşmasyny kynlaşdyrýan somatiki keseller, emigrasiýa (daşary ýurtlara göçmek) ýaly zatlar hyzmat edip biler.

*Klinikasy.* Bozulma haçan-da çaga üçin başga adamlaryň gorkusy psihologiki ösüşiň adaty häsiýetliligini ýitirýän döwründäki ýaşa ýetende ýüze çykýar. Çaganyň öý we ondan daşarky durmuş ýagdaýlarda özüni alyp barşynyň tapawudy ünsi çekýär. Çaga öýde ýeterlik derejedäki şowhunlylygy, arkaýynlykda emosionallygyny görkezýän hem bolsa, artykmaç ýüregedüşgünç, irizegen bolup, idegleýäne edýän talaplaryny artdyryp hem biler. Nätanyş ýagdaýlarda olaryň özlerini alyp baryşlaram aýratyn häsiýetli bolýar: olar gyz ýaly pyşyrdap gürlemä geçýärler ýa-da gürlemän dymyp oturýarlar, gizlenmäge çalyşýarlar, özlerini töweregindäkilere görkezmejek bolýarlar, özlerini idegleýänleriň goldamagyny isleýärler, haýsydyr bir işi etdirjek bolanyňda ýarym-ýaş bolup aglaýarlar. Şeýle çagalar gowy tanyşanlaryndan soň hem uzak wagtlap aragatnaşyk gurnap ony ymykly saklamakdan gaça durýarlar. Umuman alanyňda, özüni bahalandyryşy pes bolup, sustupeslikli sindromlar bilen geçýän kesele ýykgynlygy ýokary bolýar. Ýagdaýa we şertlere uýgunlaşyp bilmezlik ilkinji nobatda dynç alynýan hem-de sport bilen meşgullanylýan ýerlerde ýüze çykyp, kähalatlarda okuwyň geçiş prosesine-de zeper ýetirip biler. Sosial ösüşiniň togtadylmasy habarlaşma endiginiň döremeginiň güýçli geçmegine garaşylýan döwründe-ýetginjeklik ýaşyna ýetmezinden ozal bildirýär.

*Kesel kesgidi.* Çaga ýaşyndaky sosial howsalaly bozulmanyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilip görkezilen zatlara bap gelmelidir: 1) bozulmanyň ýüze çykmagynyň wagty 2,5 ýaşlylardan ir bolmaly däldir, ýagny haçan-da nätanyş adamlaryň öňünde görkezilýän adaty fazasy geçenden soň; 2) nätanyş adamlar, şol sanda-da deň-duşlary bilen duşuşanda durnukly gorkynyň bolmagyna hem özü-

ni şolardan gaça saklamagyna; 3) kesekileriň gözüne özüniň edýän hereketleriniň ýaramaýanlygyndan heder edip, utanyp, aljyrap, şolary çişirmegine; 4) sosial aragatnaşyklaryň äşgär bozulyp olaryň peselmegine, şol sanda-da deň-duşlary bilen edýän gatnaşyklarynyň sowuk-sala bolmagyna; täze sosial ýagdaýlarda hem-de mejbury bolnup düşülen çykgynsyz ýagdaýlarda äşgär görnüşde parahatlygyň ýitirilip özüni oňaýsyz duýup aglamak, gürlemän dymyp oturmak ýa-da şol ýagdaýlarda arany açyp gitmäge mejbur bolmak; 5) maşgala agzalary hem gowy tanyş deň-duşlary bilen kanagatlanarly aragatnaşyklaryň gurnalmagyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Tapawutlandyryş kesgidi uýgunlaşyp bilmäniň bozulmasy bilen geçirilýär, çünki şoňa-da ýaňy-ýakynda bolup geçen stres bilen aýdyň baglanyşygynyň barlygy häsiýetli bolýar. Ýakyn adamlaryň bilen aýrylyşmanyň esasynda döreýän alamatlar öwrenşilen adamlara degişli bolup, nätanyş adamlar bilen habarlaşmanyň hökmanylygyndan döremeýär. Depressiýanyň agyr görnüşlisinde hem distimiýalarda (keýpiň bozulmalarynda) hemme adamlar, şol sanda-da gowy tanyş adamlar bilenem sözleşmezlik ýüze çykýar.

*Bejergisi.* Has amatlysy psihoterapiýanyň geçirilmesi hasaplanýar. Esasy kömegi sport, tanslar, saz-söhbetler ýaly goşmaça zatlar hem ýetirýär. Ata-enelere öz garaýyşlaryny üýtgetmäniň zerurlygy düşündirilip, çaganyň aragatnaşyklarynyň giňelmegine ýardam etmekleriniň derwaýyslygy aýdylýar. Anksiolitikler gysga möhletli tapgyrlaryň dowamynda berlip, şonuň üsti bilen çaganyň özüni alyp barşynda adamlardan gaça durmagy ýok edilýär.

**Çagalardaky generalizleşdirlen (tutuşlaşdyrylan) howsalaly bozulma.** Köplenç halatda, kesel şäherlerde, ýeterlik derejede durmuşy kemsiz üpjünleşdirilen uly bolmadyk maşgalalarda duş gelýär. Keselleýänleriň jynsa baglylykda tapawudy bolman, olaryň sany deň bolýar.

*Etiologiýasy.* Näsaglaryň ejelerinde tutuş tohumyna garanyňda howsalaly bozulmanyň agdyklyk edýänligi jedelsizdir. Näsaglarda ýüzleý newrologiki alamatlaryň derejesi ýokarlanan bolýar.

Ata-eneleriň şahsy häsiýetlerine sosial üstünliklere aladaly ynjalyksyzlygyň döremegi we çagalardan garaşylýan zadyň çişirilip ulaldylmasy häsiýetli bolýar. Bozulmanyň etiologiýasynda genetiki ýykgynlyk hem rezidual organiki fon ähmiýetli bolup, olaryň esasynda-da psihologiki we töwerekdäki ýagdaýlar aýgytlaýjy roly oýnaýar.

*Klinikasy.* Howsalanyň döremeginiň sebäpleri köpgörnüşlidir, olardan has ýygjam duşýanlary-geljekdäki wakalar, aýratyn-da olaryň geçişinde nähilem bolsa amala aşyrýan işleriniň bahalandyrylmasynyň geçirilmegi, öz hususy sosiallygyň kabul edilip göterilmesi, mynasyplygy we töwerekdäkileriň garaşýan zadynyň ödelmegi. Spesifiki wegetatiw alamatlar birinji orna çykman, özüni alyp barşynyň göze görnüp durýan elementleri has adaty bolýar. Köpçüligiň arasynda çagalarda newrozlyk bolup, olar daşyndan dartgynly görünýärler, mysapyrlyk görkezip

özüne ynamlary bolmaýar, özlerini kiçeltmä ýykgyn edegen bolup, şol bir wagtda-da ýaşyna laýyk gelmeýän goýazylygy hem kämilligem görkezýärler. Olar tankyda biçak çydamsyz bolup, özleriniň çendenaşa gulagasanlygyna, garaýyşlarynyň perfeksionizme tarap gönükdirilenligine buýsanýarlar. Has ýygy utgaşýan özüni alyp barşynyň bozulmalarynyň alamatlarynyň arasynda dyrnaklaryňy gemirmek, saçyňy ýolmak, başam barmagyny sormak, uklap ýatyrka ýerine buşugmak (enurez) ýalylar bolýar. Sosial üstünligiň gazanylmagyny delilleşdirmek adamda näsaglary oňlarlykly uýgunlaşyp bilmä mümkinçilik döredip, durnukly hem çendenaşa güýçli içki dartgynlyk bilen geçýär. Uly ýaşa ýetenlerde howsalaly, affektiw hem somatoform bozulmalaryň döreme howpy ýokarlanýar.

*Kesel kesgidi.* Çagalardaky howsalaly bozulmanyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda getirilen görkezmelere gabat gelmelidir: 1) alty aýdan az bolmadyk möhletiň dowamynda günüň ýarysyndan hem gowrak wagtlap birnäçe wakalar hem mekdep sapaklary (meselem, mekdep tabşyryklaryny amala aşyrmak) bilen baglanyşykly bolan güýçli gorkularyň hem howatyrly ätiýaçlanmalaryň bolmagyna; 2) şol ätiýaçlyklaryň göz astyna alnyp bilinmeginiň kynlygyna; 3) gorkularyň hem ätiýaçlanmalaryň aşaky alamatlaryň üçüsi, hatda ondanam gowragy bilen baglanyşykly bolmagyna: a) howsalanma, içki dartgynlygyň duýulmagyny gowşadyp bilmäniň kynlaşmasy bilen utgaşan newrozlyk; b) ätiýaç edilmäniň netijesinde ýadawlygyň duýulmagy, mejaldan düşmek; ç) pikiriňi jemläp bilmäniň kynlaşmasy ýa-da kelläň haňlap duran boşlugyny duýmaklyk; d) ynjyklyk; e) myşsalaryň çekilişip dartgynlanmasy; ä) howatyrlanma bilen baglanyşykly uky bozulmalary; 4) dürli görnüşdäki ätiýaçlanylma howatyrlanmalaryň hem-de gorkularyň ikiden az bolmadyk ýagdaýda döremegi; 5) başlanyşynyň çagalyk ýaşynda ýa-da ýetginjeklik ýaşyna ýetilmezinden öňräk (18 ýaşa ýetilmänkä) bolmagy; 6) gorkular hem-de ätiýaçlykly howatyrlanmalar ýa-da somatiki alamatlar kliniki taýdan äşgär bildirýän hasratlary çekdirip ýa-da adamyň durmuşy üçin wajyp bolan sosial, kär we gaýry sferalarda işläp bilmesinden dyndarýar; 7) bozulma dermanlaryň, psihoaktiw maddalaryň ulanylmasy ýa-da organiki keseliň (meselem, gipertireozyň) barlygy bilen baglanyşykly bolman, affektiw, psihotiki sindromlaryň we ösüşiň bozulmalarynyň çäklerinden daşarda ýüze çykýar.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Tutuşlandyrylan howsalaly bozulma dowula düşülendäki ýaly aýratyn görnüşli paroksizmal epizodlar görnüşinde ýüze çykmaýar. Ätiýaçlanyp howatyrlanmalaryň döränleri fobiki ýa-da aýrylyşma gorkusyndan döreýän bozulmalardaky ýaly haýsydyr bir merkezi temada jemlenmeýär. Ýagdaý şeýle alamatlar bilen utgaşanda kesgidiň goýulmagynda ilkinji orun tutuşlandyrylan howsalaly bozulma berilmelidir. Şizofreniýa ýa-da maniakal-depressiw psihozy bilen kesellemä ýykgyn ýokary bolanda, psihotiki kesgitler saýlanyp alynýar.

*Bejergisi.* Şeýle kategoriýaly näsaglara şahsy görnüşli psihoanalitiki bejerginiň geçirilmegi makul bilinýär. Howsalanma has ýokary galyp psihoterapiýanyň ge-

çirilmegine päsgelçilik döredende, şeýle-de soň dörän gorkynyň aýrylmagy üçin anksiolitikleriň gysga möhletleýin ulanylmagy maslahat berilýär. Ilkinji dörän howsalanmada bolsa antidepressantlary ulanmaly.

**Çagalyk we ýetginjeklik ýaşlarynda başlaýan sosial funksionirlenişiň bozulmalary.** Bular geterogen bozulmalaryň topary bolup, olaryň bary üçin umumy bolan alamat – sosial funksionirlenşiň bozulmalary. Keseliň döremeginde töwerekdäki ýagdaýyň durmuşa hemmetaraplaýyn bap gelýän şertleriniň özgerdilmegi ýa-da bolýan ýeriniň oňaýly täsir edýän zatlaryndan dyndarylmagy aýgytlaýjy rol oýnaýar. Jynsa görä tapawutlanma bu toparda görnetin ýüze çykmaýar.

**Elektiw mutizmi (lal ýaly gürlemezlik, dymmak).** *Epidemiologiýasy.* Bozulmanyň ýaýraýşy her 10000 adamdan 3-8 ýagdaýda duş gelýär. Çagalyk ýaşlylardaky psihiki bozulmalaryň aglabasyndan tapawutlylykda, munda keselleýän gyzjagazlaryň sany köp bolýar (2:1) näsaglaryň köpüsinde gürleýşiň ösüşiniň togtadylmagy ýüze çykýar; tohumyna garanyňda enureziň we enkopreziň ýokarylygy hem ýüze çykýar.

*Etiologiýasy.* Kesellemä ýykgyn etdirýän ýagdaýlar enäniň çagany agdyk goraglamasy, çaganyň enesi bilen çendenaşa ýakyn aragatnaşykda bolmaklygy, irki çagalyk döwründe alnan emosional we fiziki şikesler, aýralykda ýaşamak. Näsaglaryň ata-enelerinde affektiw we şahsy bozulmalara bolan ýykgynlygy ýokary bolýar. Nägileligini bildirmek üçin ata-enelerine torsarylyp, gürlemän dymmaklykdan peýdalanýandyklary bellenilýär. Gürleýşiň bozulmalary we kemakyllyk bilen kesellemä ýykgynlygyň ýokarylygy biologiki oňaýsyzlygyň esasynda kesele getirýän ýagdaýlaryň äşgär ýüze çykmasyna mümkinçilik döredýär.

*Klinikasy.* Keseliň ýüze çykyşynyň düýp alamatlarynyň biri bolup öýde, aýratyn-da mekdepde gürleme endiklerinden peýdalanmakdan ýüz öwrülmegi hyzmat edýär. Kähalatlarda gaty bir baý bolmadyk üm-yşaratlaryň ýönekeýden sadaja jogaplaryň ýa-da pyşyrdamanyň kömegi bilen arabaglanyşygyň gurnalyp bolunýanlygy äşgär edildi. Şeýle ýagdaýyň getirýän netijeleri sosial uýgunlaşmanyň bozulmagy, okamanyň kynlaşmasy, mekdebe gitmekden boýun gaçyrylmagy bolýar. Öý şertlerinde çagalar disforiki (keýpiniň bozulmagynda) gaharlanmalary, negatiwliligi, özüni alyp barşynda kejirlik edip garşy durmany, dawadyr urşaganlyga döwtalap bolmany tiz-tizden görkezýärler. Öýden daşarda olaryň häsiýeti çekinjeňden ýaýdanjaň, sustupes bolup, dürli bulagaýlyklardan saklanýarlar, burny deşilen ýaly diýseň ýuwaş bolýarlar.

Adatça, bozulmanyň üsti çaga okadylyp başlanyndan soň açylýar, çünki mekdepde olaryň nätanyş adamlaryň öňünde görkezýän çekinjeňligi şol ýaşa mahsus bolan çekinjeňlikdäkiniň derejesinden has ýokarylygy bilen tapawutlanyp, ünsi özüne çekýär. Seýrek halatlarda bozulma ýetginjek ýaşlylarda ýüze çykýar. Bu sindromyň dowam edişiniň uzaklygy, adatça birnäçe aýdan aňry geçmeýän hem bolsa, näsaglaryň käbirlerinde ondan uzagraga-da çekip bi-

ler. Ýagdaýyň uzaga çekdirilmegine ata-eneleriň hem-de deň-duşlaryň olary çendenaşa goldap, goraglap läliksiretmeleri ýardam edýär. Näsaglaryň ýarpysynda çaga on ýaşyna ýetmänkä mutizm öz-özünden gowulaşyp aýrylýar-da sagalýar. Şonda negatiwliligem, özüni alyp barşyndaky agressiwligiň görkezilmegem aýrylyp gidýär.

*Kesel kesgidi.* Bozulmanyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilenlere bap gelmelidir: 1) edilýän gürrüňlere düşünişiniň derejesiniň kadalylygyna ýa-da şoňa gaty ýakynlygyna; 2) aýdýan sözleriniň ýeterlik derejede düşnükliden aýdyňlygyna; 3) käbir halatlarda çaganyň gürleýşiniň kadalylygyna ýa-da onuň ýakynlygyny kepillendirip biläýjek delilleriňdir maglumatlaryň bolmagyna; 4) döränden soň uzaklygynyň hepdeden gowrak wagt dowam etmekligine; 5) ösüşiň umumy bozulmalarynyň bolmazlygyna; 6) bu bozulmanyň sosial gurşawyň ýagdaýlarynda talap edilýän gürleýiş diliniň ýeterlik derejede bilnilmezliginden döremeýänligine.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Bozulmany käbir sag çagalarda nätanyş ýerlerde bolanynda döreýän tranzitor uýgunlaşyp bilme çekinjeňliginiň gysgamöhletli epizodlaryndan tapawutlandyrmalydyr. Bozulmalaryň çäginde mutizm barlylarynyň aglabasyndan bu bozulma ýagdaýyň ýüze çykyp bildirişiniň töwerekdäki ýagdaýydyr saýlanylyp alynmasy hem boýun gaçyrma bilen tapawutlanyp, gepläp bilme mümkinçiliginiň ýoklugynyň munuň döremegine täsir etmeýänligidir.

*Bejergisi.* Has üstünlikli netijeleri şahsy özüni alyp barşynyň bozulmalarynyň düzedilişiniň hem-de maşgala bejergisiniň geçirilmegi berýär.

Ata-eneler bilen işlenilende çaganyň öz derdinden bähbit arap peýda görjek bolmagyndan dyndarylmagynyň diýseň derwaýyslygy düşündirilmelidir.

**Tik bozulmalary.** Tikler – öz ygtyýaryna bagly bolmadyk duýdansyz döräp, birsyhly gaýtalanyp tertipsiz geçýän birmeňzeş motor hereketlenmeler ýa-da seslenmeleridir.

Tikleriň hereketlenmeler hem ses çykarylyşy bilen geçýänleriniň ikisem ýönekeý hem çylşyrymly görnüşlerde bolup biler. Hereketlenme tikleriniň adaty ýönekeýleri göz gypylmany, boýnunyň towlanyp silkelenmegini, burnuny çekmäni, eginlerini çekip silterlemäni, ýüz-gözüni aýny oýnatmany öz içine alýar. Ses çykarylma tikleriniň adaty ýönekeýleri üsgürip ardynjyramany, horkuldamany, üýrmäni, pyşgyrmany, pyşyrdamany öz içine alýar. Hereketlenme tikleriniň adaty çylşyrymlylary öz-özüni ýumruklamany, öz tenini ýa-da başga bir zatlary ellemäni, bökejeklemäni, oturyp-turup durmany, ellerini galgytmany öz içine alýar. Ses tikleriniň adaty kompleksi (toplumy) aýratyn sözleri, sesleri, sözlemleri gaýtalamak bilen geçýär. Tikler dynyp bolmaýan ejir ýaly hasaplanýan hem bolsalar, adatça olar dürli wagtyň dowamynda ýatyrylyp hem bilinýändir.

Köplenç halatda, tikler bölünip aýrylan fenomen görnüşinde duşýan-da bolsalar, ýöne olaryň emosional bozulmalary, aýratynam ýüregedüşgünç ilgezekle-

ri ýa-da ipohondriki alamatlar bilen utgaşýan ýerleri seýrek däl. Ösüşiň spesifiki togtadylyşyny kähalatlarda tikler bilen baglanyşdyrýarlar.

Tikleri gaýry hereketlenme bozulmalarynda tapawutlandyrmakda esasy alamat hökmünde newrologiki bozulmalaryň bolmazlygynda hereketleriň duýdansyz döräp tiz geçip gidýänligi we hereketleriň çäklendirilen häsiýetliligidir. Muňa hereketlenmeleriň gaýtalanyp durulmasy häsiýetli bolup, olaryň näsag ukudaka aýrylyp gitmegi hem-de olaryň islegiň boýunça aňsat döredilip, aňsat hem ýatyrylmagy mümkindir. Bularda ritmikligiň (belli bir tertipde geçmeginiň) ýoklugy, autizmde, ýa-da akyl kemisliginde döreýän stereotipiýalardan tapawutlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

**Tranzitor tikoz bozulmasy.** *Epidemiologiýasy.* Tikler çagalaryň 5-25%-de duş gelýärler. Näsaglaryň arasynda erkek jynslylaryň sany köp bolýar (3:1). Tik 7-11 ýaş aralykdakylarda has köp peýda bolýar.

*Etiologiýasy.* Keseliň döremeginde genetiki, şeýle-de psihogen ýagdaýlar uly roly oýnaýar. Epizodlaryň peýda bolmagyna stres ýagdaýlar hem-de çaganyň agdygrak göçgünligi itergi berýär.

*Klinikasy.* Bu ýagdaý tikleriň arasynda has ýygjam duşýan görnüşleriniň biridir. Adatça, tikler gözüni gypma, ýüz-gözüni oýnatma, kellesini silkeleme bilen häsiýetlenýär. Käbir halatlarda tikler ýeke-täk epizod görnüşde ýüze çykyp, beýleki bir ýagdaýlarda bolsa her wagt kä gowşap, käte gaýtalanyp, beterläp durýar.

Tikleriň has ýygy ýüze çykýanlary: 1) kelle bilen ýüz-gözüni aýnadyp oýnatmak, maňlaýyny ýygyrmak, gaşlaryny galdyrmak, kirpiklerini gyrpmak, gözlerini gaty ýummak, burnuny ýygyrmak, burun deşiklerini titretmek, agzyny bek ýummak, dişlerini syrtartmak, dodaklaryny dişlemek, dilini çykaryp uzatmak, aşaky eňegini çekdirmek, kelläni gapdallara burmak, ýa-da şony hallan atdyrmak, boýnuny towlamak, kellesini pyrlamak; 2) ellerini – owkalamak, barmaklaryndan çekmek we towlamak, ýumruklaryny düwmek; 3) göwresine hem aýaklaryna gezek galanda – eginlerini gysmak, aýaklaryny sallamak, ädimleriniň geň-taň görnüşde ädilmegi, göwräni yraň atdyrmak, bökjeklemek; 4) dem alyş we iýmit siňdiriş agzalary – synçgyrmak, pallamak, ysyrganmak, demini sesli çykarmak, dem alnyşynyň sykylykladylmagy, demiňi sojap çalt-çaltdan güýçli almak, gägirmek, sormak ýa-da şapbyldamak, ardynjyramak, bogazyny arassalamak.

Köplenç halatda, wagtyň geçmegi bilen tikler aýrylyp gidýär-de, stres ýagdaýy döränden ýene gaýtalanýar. Şolaryň az sanlysy tikozlaryň başga görnüşli bozulmalaryna-da ýazyp bilýär.

*Kesel kesgidi.* Tranzitor tikleriň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlara bap gelmelidir: 1) aýry-aýry ýa-da köpsanly hereketlenmeli, ýa-da sesli geçýän tikleriň peýda bolup, şolaryň günüň köp wagty saklanyp bir aýdan az bolmadyk möhlet dowam etmegine; 2) bozulmanyň dowamlylygynyň bir ýyldan uzaga çekmezligine; 3) anamnezde Turettiň sindromynyň ýoklugyna, şeýle-de or-

ganiki patologiýanyň ýa-da dermanyň täsiriniň bolmazlygyna; 4) başlanyşynyň 18 ýaşdan öň bolmagyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Tikleri hereketlenmeleriň gaýry bozulmalaryndan (distonikilerden, horeiformlardan, atetoidlilerden, miokloniki bozulmalardan) we newrologiki kesellerden (Gentingtonyň horeýasyndan, Sidengemiň horeýasyndan, parkinsonizmden we başgalardan), psihotrop preparatlaryň goşmaça täsiri ýetirmeginden döreýänlerden tapawutlandyrmalydyr.

*Bejergisi.* Tikleri ünsüň şoňa agdyk dikilmeginiň olaryň gaýtalanmasyny ýygjamladýanlygy sebäpli, başdan ata-enelere olaryň ret edilmegi maslahat berilýär. Dermany ulanmak (trankwilizatorlaryň az möçberi we neýroleptikler) diňe bozulmanyň has äşgär ýüze çykyp bildirýänlerinde maslahat berilýär. Endikleriň özgerdilmegine gönükdirilen özüni alyp barşynyň psihoterapiýasy gowy netijelere getirýär.

**Dowamly hereketlenmeli ýa-da sesli tik bozulmasy.** Bu tikoz bozulmasynyň hereketlenmeleri bir sapar ýa-da ondanam gowrak sesli tikleriň bir wagtda döremeýän görnüşlisiniň biridir. Munuň başlanyşy hemişe diýen ýaly çagada ýa-da ýetginjek ýaşlylarda bolýar. Munda hereketlenme tikleriniň, sesli tikleriň döremeginiň öňüsyrasynda ýüze çykmagy häsiýetli bolýar. Ýetginjeklerde alamatlaryň beterläp güýçlenmesi hem ýagdaýyň ýaramazlaşmasy ýygjam duşup, çaga ulalanda bozulmanyň elementleriniň aýrylman saklanyp galmagy häsiýetlidir.

*Epidemiologiýasy.* Tikler mekdep ýaşly çagalaryň 5%-de duş gelýär. Näsaglaryň arasynda erkek jynslylaryň sany agdyklyk edýär (3:1). Keseliň döräp ýüze çykmagynyň iň ýokary derejelisi 7-11 ýaşlylaryň arasynda bolýar.

*Etiologiýasy.* Bozulmanyň döremeginde genetiki, şeýle-de psihogen faktorlar uly orna eýedir. Epizodlaryň ýüze çykmagyna stresli ýagdaýlar hem-de çaganyň göçgünlige gelmegi ýardam edýär.

*Klinikasy.* Hereketlenme ýa-da sesli tikleriň peýda bolmagy häsiýetli bolup, olaryň ikisiniň birden ýüze çykmasy bolmaýar. Tikler günde köp gezek peýda bolup, her gün diýen ýaly, ýa-da aram-aram ýüze çykyp bir ýyldan gowrak wagtlap dowam edýär, 18 ýaşdan öň başlanýar. Tikleriň görnüşleri hem ornaşýan ýerleri tranzitor tikleriňkä çalymdaş bolýar. Hereketlenme tiklerine garanyňda munda dowamly görnüşli sesli tikler seýrek duş gelýär. Sesli tikler, köplenç halatda batly hem güýçli bolman bokurdagyň gysylanyndaky, garyndyr-diafragma çekilendäki ýaly şygyrdylary ýatladýar. Olaryň ot alan ýaly bolup çirkin gykylyklanma bilen yzly-yzyna gaýtalanyp getirilýänleri hem sanynyň köp bolmagy seýrek duşup, sesleri süýndirme, üsgürinme, horkuldama görnüşlerinde geçirilýär. Hereketlenme tiklerinde bolşy ýaly sesli tiklerem belli bir wagta çenli öz islegiňdir erk-ygtyýaryň bilen ýatyrylyp bilner, ukuda ýatanda aýrylyp, stres ýagdaýlar täsir edende bolsa güýçlenip biler. Keseliň amatly görnüşde gowulyk bilen gutarmagy 6-8 ýaşynda kesellän çagalarda has gowy bolýar. Eger-de tikler

diňe bir ýüz-gözde geçmän eldir-aýaklara, göwrä-de ýaýran bolsa, onuň soňy ýaramaz bolýar.

*Kesel kesgidi.* Hereketlenme ýa-da sesli tikoz bozulmalarynyň hroniki görnüşleriniň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlara bap gelmelidir: 1) hereketlenmeli ýa-da sesli tikleriň (ýöne ikisi birden däl) günüň dürli wagtlarynda peýda bolanlarynyň bir ýyldan az bolmadyk wagt dowam etmegine; 2) soňky ýylda gowulaşmagynyň iki aýdan köp wagt bolmanlygyna; 3) anamnezde Turettanyň sindromynyň we organiki patologiýa bilen derman arkaly ýetirilen täsiriň bolmanlygyna gönümel görkezijileriňdir salgylanmalaryň ýoklugyna; 4) başlanyşynyň 18 ýaşdan öňlügine.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Munuň tapawutlandyrylmasyny tremor, manerlik (aýnylyk edilip towlanjyrama bilen näz-kereşmeliligiň görkezilmegi), stereotipiýalar ýa-da (kelläňi öňe-yza, gapdallara egmek, göwräňe yraň atdyrmak) ýaly çaga autizminde, kemakyllykda ýygy duşýan ýaramaz endikler bilen geçýän bozulmalaryň arasynda geçirilmelidir. Olary stereotipiýalaryň tebigatynyň öz-özünden döreýänligi, bozulmadan lapyň keç bolup hapa bolmanyň, gynanmanyň bularda bolmaýanlygy tiklerden tapawutlandyrýandyr. Tapawutlandyryş kesgidi hereketlenmäniň bozulmalaryny aňladýan alamatly geçýän newrologiki bozulmalar bilen deňeşdirmeli bolýar.

*Bejergisi.* Tikleriň agyrlygyna hem gaýtalanmasynyň ýygjamlygyna, başyndan geçirýän ejirlerine we alada-gaýgylaryna, mekdepde döreýän ikinji nobatdaky goşmaça bozulmalara, şeýle-de utgaşyp geçýän gaýry psihotiki bozulmalaryň barlygyna bagly bolýar.

Geçirilýän bejergide esasy orny psihoterapiýa eýeleýär. Trankwilizatorlaryň az möçberleri netije bermeýär diýen ýaly.

Ýöne neýroleptiklere degişli bolan galoperidol biraz täsirlidir. Bu preparatyň goşmaça täsiri ýetirip, şol sanda-da giçki diskineziýalaryň (stupor hem giperkinezler bilen geçýän bozulma) döremegine getirýänligini hem göz öňünde tutmaly.

**Kombinirlenen hem-de köpsanly hereketlenmeli tikler (Turettanyň alamatlar toplumy).** *Epidemiologiýasy.* Bu alamatlar toplumynyň ýaýraýşy baradaky maglumatlar biri-birlerine garşy gelýär. De lýa Turettanyň sindromynyň doly görnüşinde bildirip ýüze çykýany 2000 adamdan biridir (0,005%). Munda oglanlaryň sany agdyklyk edýär (3:1). Ömrüň dowamynda bu kesel bilen näsaglamagyň howpy 0,1-1% barabardyr. Ululardа bu kesel çagalara garanyňda on esse seýrek duşýar.

*Etiologiýasy.* Ejelerinde şu sindromyň bolmaklygynda bu kesel bilen kesellemä aňrybaş ýokary howp abanýar. Genetiki maglumatlar bu sindromyň autosom-dominant nesil yzarlaýjylygyny kepillendirip tassyklaýar. Žilýa de lýa Turettanyň sindromynyň – hroniki tikleriň hem ilgezik ýagdaýly newrozyň keselbentliliginiň maşgalada toplanýanlygyny hem subut edipdirler.

Sindromyň morfologiki we mediator esaslarynyň aýratyn-da beýniniň bazal ýadrolarynda we maňlaý bölümlerinde funksional işjeňligiň diffuz görnüşindäki bozulmalaryň üsti açylan. Şeýlelikde, kesel beýniniň neýrohimiki sistemasynyň bozulmasy arkaly döredilip bilner. Ýöne şeýle-de bolsa funksiýalaryň dofaminergiki strukturalardaky bozulmalaryň neýrotransmitter sistemasynyň gaýrylaryndaky kemisliklere degişlilikde ilkinjilere ýa-da ikinjilere (soňkulara) girýänligi şu güne çenli düşnüksizligine galýar.

*Klinikasy.* Tikleriň başlamazyndan ozal prodromal (öňünden bildiriji) alamatlar – gyzmalyk, stresiň kynlyk bilen geçirilişi, ünsüňi jemlemäniň kynlaşmasy ýüze çykýar. Bozulmanyň başlanýan ortaça döwri 7-8 ýaş aralyklardyr, ilki başlap has äşgär alamaty görkezýän tik-gözleriňi gyrpma, kelläňi silkeleme ýa-da ýüz-gözüňi aýny oýnatmadyr. Çylşyrymly hereketlenmeli tikleriň aglabasy keseliň dowam etmeginde bir-iki ýyldan soň ýüze çykýar, oňa myşsa toparlarynyň belli bir yzygiderlikdäki girizilişi bolýar – kelleden başlanyp aýaklarda gutarýar. Bozulmanyň çylşyrymly görnüşleri öz içine ehokinezi (töwerekdäkileriň hereketlenmelerine öýkünmäni) hem alyp biler. Tikler çendenaşa äşgär ýüze çykarylanda şol ýagdaý öz synaňa şikesleriň ýetirilmegine-de getirip biler.

Ýuwaş-ýuwaşdan çylşyrymlaşýan sesli tikler ortaça hasapdan 11 ýaşlarda peýda bolup, köplenç halatda ilgeziklik bilen utgaşyp gelýär. Çylşyrymly sesli tikler öz içinde bolup geçýän zatlardyr wakalara gabat gelmeýän adekwat bolmadyk sözleriň hem jümleleriň gaýtalanmagyny, palilaliýany (öz seslerini hem sözlerini gaýtalamany, eholaliýany – töwerekdäkilerden iň soňky eşidilen sözleriniň gaýtalanmagyny) alýar. Ýagdaýyň ýarpysynyň üçden birinde koprolaliýa-da duşýar (paýyş sözleriň ulanylmagy), irki ýetginjeklik ýaşlylarda we şondan gijräk kopropraksiýa-da (köpçüligiň göterip bilmejek, kabul etmejek üm-yşaratlary) ýüze çykýar.

Çylşyrymly tikler tagaşyksyzdan gödeňsi, akyla sygmajak görnüşde ýüze çykarylyp bilner-de, şolam haýsydyr bir oýlanyşykly bolan zada goşular. Hereketlenme tikleri öz erk-ygtyýaryň bilen wagtlaýyn ýatyrylyp bilner, ýöne şol ýagdaý içki dartgynlygyň artdyrylmagy bilen geçýär. Özygtyýarly geçirilýän gözegçilik aýrylyp bes edilensoň näsagyň süňňi ýeňläp, ýagdaýynyň gowulaşanlygyny duýýar. Tikler gaharlanylanda, ýadalanda, näsagyň özüne dykgatly üns berlip dikanlanylanda ýygjamlaşýar, haýsydyr bir zada ünsüni bölüp, güýmenip şonuň bilen içgin gümra bolanda seýrekleşýär. Näsaglaryň käbirinde tikler ukudaka-da aýrylman saklanýar. Sosial barlagyň güýçlendirilen pursatlarynda bozulma has äşgär ýüze çykýar.

Adatça, bozulma bilen giperaktiwligiň, ilgezikligiň görkezilmesi, ünsüň belli bir zada dikilmeginiň peselmesi, impulsiwlilik, özüňi alyp barşyňda gyşarmalaryň döremegi bilen baglanyşykly bolýar.

Bejergi geçirilmände dowamly görnüşde geçmäge ýykgynly bolup barha bady peselýär-de, özüni bahalandyrmasynyň peselmesi we sosial uýgunlaşyp bilmesiniň ýaramazlaşmasy bilen geçýär we ol alamatlaryň güýçli-güýçsüzligine bagly bolýar.

*Kesel kesgidi.* Turettanyň sindromynyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilenlere bap gelmelidir: 1) köpsanly hereketlenmeli we birdir-iki sany sesli tikleriň bolup, olaryň arasy kesilmän geçmeginiň hökmany däldigine; 2) tikler günüň dowamynda günde diýen ýaly köp gezek peýda bolup, bozulmanyň bir ýyldan uzak wagtlap dowam etmegine, remissiýalaryň (aralygyndaky gowulanmalaryň) dowam edilşiniň uzaklygynyň iki aýa-da ýetmezligine; başlanyşynyň 18 ýaşdan öň bolmagyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Kesgidiň goýulmagynda kynçylyklaryň döremegi keseliň diňe irki tapgyrlarynda bolup biler. Şonuň arasyndan öňi bilen hereketlenmeleriň bozulanlygyny görkezýän alamatlar bilen geçýän newrologiki keseller aýrylyp çykarylyp bilner. Tiklerden tapawutlylykda stereotipiýalar özerkli edilýän aktlar bolup, ol özüňi oňaýsyz duýma bilen geçmeýär. Kompulsiw aktlar özerkli edilýän häsiýetli bolýar. Giç ýüze çykan diskineziýalar anamnezde neýroleptikleriň uzak wagtlap ulanylanlygy baradaky maglumatlaryň barlygy arkaly kesgitlenilýär.

*Bejergisi.* Bejergi geçiriş çäreleri tikozlaryň ýüze çykyşynyň peseldilmesine hem näsagyň sosial uýgunlaşmasynyň gowulandyrylmagyna ugrukdyrylandyr. Munda bejerginiň rasional, özüni alyp barşynyň düzedilmesi, şahsy, toparlaýyn, maşgala görnüşlileri uly rol oýnaýar. Saklama, badyny alma türgenleşiginiň geçirilmegi (ýagny «bolşuna görä edişim» diýlişi ýaly tiki ýadatma ýaly – meňzeşi meňzeş bilen almaly diýlişi ýaly) edilmesi maslahat berilýär. Şeýle bejerginiň geçirilmegi derman bilen bejergi gowy netijelere getirende-de artykmaçlyk etmez.

Häzirki zamanda bu sindrom, esasan, dermanlar bilen bejerilýär. Bejergi näsag zerur bolan ähli barlaglardan doly geçirilensoň başlanylýar, dermanyň az mukdarynyň berlip başlanmagyndan soň, onuň mukdaryny birnäçe hepdäniň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan galdyrýarlar. Häzirki wagta çenli saýlanyp-seçilip alnanda dermanlaryň arasynda galoperidol birinji orna eýedir. Çagalara ol gije-gündiziň dowamynda 0,25 mg-dan berlip başlanýar-da, onuň üstüne hepdede ýene her gije-gündizde 0,25 mg goşulyp köpeldilýär. Dermanyň terapewtiki giňligi her gije-gündizde 1,5 mg-dan 5 mg-a barabardyr, elbetde näsagyň ýaşyny-da nazarda tutmaly. Munda gaýry neýroleptiklerem – ftorfenazin, penfluridol ulanylýar.

$\alpha_2$ adrenoreseptorlaryň stimulýatory klonidin hem gowy netijeleri berýär. Ol çaganyň joşguna gelip gyzmalygyny uly derejede peseldýär, impulsiwligini aýyrýar, ünsüniň bozulmalaryny ýola salyp gowulandyrýar.

Ilkinji berilýän başlangyç mukdary bir gije-gündizde 0,025 mg-a barabar bolup, soňra her bir-iki hepdeden aramlyk terapewtiki mukdaryň çäginde her gije-gündizde 0,05 mg-dan 0,45 mg-e çenli köpeldilýär.

Serotoninenergiki geçirijä täsir edýän klomipramin (her gije-gündizde 10-25 mg), fluoksetin (her gije-gündizde 5-10 mg) ýaly dermanlar, aýratyn-da ilgezeklik alamaty bildirýänlerde üstünlikli ulanylýar. Benzodiazepinleriň, narkotiki

analgetikleriň antogonistleriniň käbir psihostimulýatorlaryň täsir edip getirýän netijesiniň maglumatlarynyň üstünde-de işlenilýär.

Dörän ýagdaýlaryň ählisinde näsaglaryň we olaryň maşgala agzalarynyň arasynda düşündiriş işleri geçirlip, akademiki (ýagny ylmy) we hünärmen dikeldişiň üstünde-de işlenilmelidir.

**Organiki däl enurez.** *Epidemiologiýasy.* Enurezden ejir çekýän erkekleriň sany aýallaryňka garanyňda has köp duşup, ol erkekleriň islendik ýaşlysynda bolup biler. Kesel oglanlaryň 7%-de, gyzlaryň bolsa 3%-de 5 ýaşynda, oglanlaryň 3%-de, gyzlaryň 2%-de 10 ýaşynda, oglanlaryň 1%-de 18 ýaşanda duşup, 18 ýaşly gyzlarda bolsa ol bolmaýar diýen ýaly. Gijekä garanyňda gündiz bolýan enurez seýrek gabat gelip, şol 5 ýaşly çagalaryň, takmynan, 2%-de bolýar. Gijekä garanyňda gündizki enurez gyzlarda has ýygjam duşýar. Organiki däl enurezli çagalarda psihiki bozulmalar olaryň diňe 20%-de bolup, has ýygjamy bolsa gyzlarda ýa-da gündizki hem gijeki enurezli çagalarda duş gelýär.

*Etiologiýasy.* Buşugmanyň tertibini göz astynda saklap gözegçilik etmek çaganyň nerw-myşsa, emosional we kognitiw ösüşiniň, arassaçylyk barada berilýän edep-terbiýäniň derejesine bagly bolýar. Şu görkezilen zatlaryň islendiginiň berjaý edilmän bozulmasyna ýol berilse, keseliň döremegine ýardam edip biler. Genetiki ýagdaýlaryň orny munda uly hem ähmiýetli bolýar. Näsaglaryň, takmynan, 75%-de şu kesel bilen kesellemä bolan nesil yzarlaýjylykly ýykgynlyk bolýar. Anatomiki taýdan kadaly gurnalan bedende näsaglarda «Funksional kiçi peşew halta» bolýarda, ol hem peşewiň adaty kadadan az mukdarda siýdik haltada toplananda mejbury halda buşugmaga bolan islegi döredýär.

Stresli ýagdaýlaryň birnäçesiniň bolmagy adaty enureziň döremegini güýçlendirýär – siblinginiň dogulmagy, 2-4 ýaşda hassahana ýerleşdirmek, mekdepde okuwyň başlanmagy, maşgalanyň dargamagy, ýaşaýan ýeriniň üýtgedilmegi bilen baglydyr. Näsaglaryň ýarysynda emosional ýa-da özüni alyp baryşda meseleler ýüze çykýar, ýöne olaryň bozulmanyň döremegine sebäp bolýandygy ýa-da utgaşan ýagdaýlara gabat gelýändigi näbelli. Onuň anyklanylmagy zerurdyr.

*Klinikasy.* Ilkinji enurez şolaryň ählisiniň 80%-de duş gelýär. Munda buşugma gözegçilik edip ony ugrukdyrmak hiç haçan başartmanynda, remissiýa-da bir ýyldan aňry dowam etmeýär. Ikinji nobatdaky enurez psihososial stresler sebäpli döräp, adatça buşugmanyň aňlarlykly göz astyna alnandan soň 5-8 ýaşlylarda döreýär. Ukynyň hiliniň bozulýanlygy baradaky maglumatlar ýok. Peşewi saklabilmezlik, adatça, uka gidilenden soň ýarym minutdan – 3 sagatdan soň peýda bolup, ýöne çagalaryň käbirlerinde bu ýagdaý islendik wagtda-da döräp biler. Ol gijäniň dowamynda birnäçe gezek gaýtalanýar. Gündizki enurez, adatça gijeki bilen utgaşýar.

Munuň enkoprez bilen komorbidliligi ýokary bolup, ösüşiň togtadylmalary hem-de ukybynyň bozulmalary bilen geçýär. Enureziň ikinji nobatda getirýän netijeleri özüne kembaha garamany, özüni bahalandyryşynyň peselmegini, ideg-

leýän adamlar bilen dawalaşmak we deň-duşlary bilen özi barada kemsidijilikli aragatnaşyklaryň gurnalmagy bilen häsiýetlenýär.

*Kesel kesgidi.* Organiki däl enureziň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlara bap gelmelidir: 1) kesgidiň goýulmagy üçin ýaşyň iň irkisi 5 ýaş, iň kiçi akyl ýaşy bolsa 4 ýaş bolmaly; 2) öz erkine bolmadyk ýa-da bilgeşleýin ýorgan-düşegiňe ýa-da geýimiňe buşugmanyň 7 ýaşa ýetmediklerde aýda iki gezekden az, 7 ýaşlylarda we ondan ululardа aýda bir gezekden az bolmazlygyna; 3) enurez garaguşagyry tutgaýlarynyň, peşewi saklap bilmezligiň newrologiki kesel bilen şertlendirileni, peşew-jynsy traktynyň anatomiki displaziýalarynyň ýa-da gaýry somatiki keselleriň döredýäni däldir; 4) gaýry psihiki keselleriň bolmazlygyna; 5) bozulmanyň dowam edilişiniň üç aýdan az bolmazlygyna.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Enureziň döreýşinde mümkin bolan organiki sebäpleriň ýoklugyny anyklamak zerurdyr. Organiki ýagdaýlar gündizki hem gijeki enurezi bar bolup tiz-tizden buşugma hem peşew haltanyň tiz peşewden boşadylmagynyň zerurlygy ýüze çykyp durýan çagalarda has-da ýygy duşýar. Olar öz içine: a) peşew-jynsy sistemanyň-struktur, newrologiki, ýokanç (uropatiýalar, sistit, oňurganyň ýaşyryn bolan ýarajygy we başgalar; b) poliuriýanyň süýjüli ýa-da süýjüsiz diabetiň döremegine şert döredýän organiki bozulmalar; ç) huşunyň we ukusynyň bozulmalary (arakdan serhoş bolmak, somnambulizm, garaguşagyry tutgaýlary); d) käbir antipsihotiki dermanlar ulanylanda olaryň ýetirýän goşmaça täsiri (tioridazin we başgalar).

*Bejergisi.* Ilkinji dörän enurezde ata-enäniň buşugmanyň gözegçilige alynmagyndaky endikleri türgenleşdirişine düzedişleriň girizilmegi zerur bolýar (temmi bermeden saklanmak, wagtynda sylaglamak, ýatylaýmazyndan ozal suwuk zatlaryň içilmeginiň çäklendirilmegi, buşugmagy üçin çaganyň oýarylyp durulmagy). Usullaryň has naýbaşysy diýlip, düşek öllenende sesli signal (duýduryşy) berýän apparatyň ulanylmagy zerur. Bu zyýansyz usul bozulmalaryň, takmynan, ýarysyny aýyrýar.

Melipraminiň ulanylmagy näsagalaryň 30%-ni sagaldyp, 55%-niň gowulaşmagyna getirýär, ýöne alty hepdeden soň çydamlylyk peselip, ýagdaýyň ýygjam gaýtalanmasy başlanýar. Kähalatlarda amitriptilin bilen nortriptilin hem ýeterlik derejedäki gowy netijeleri berýär. Keseliň bejerilmegine psihoterapiýa peýda etmeýär, ýöne ol ikinji nobatda döreýän emosional meseleleri peseldip gowşaşmagyna getirip biler.

**Organiki däl enkoprez.** *Epidemiologiýasy.* Munuň ýaýraýşy 5 ýaşly çagalaryň arasynda 1-1,5%-e barabar bolup, ýetginjeklerde seýrek duş gelýär. Kesellän oglanlaryň sany agdyklyk edip (3:1), olaryň barysy hem üpjünçiligi kemterlik edýän maşgalalardan bolýar.

*Etiologiýasy.* Hajathanadan peýdalanmany öwredilmände ýa-da ol ýeterlik derejede düşündirilmände uly täreti saklap bilmek endiginiň ösüşiniň hem mä-

kämlenişiniň togtadylmagyna getirýär. Çagalaryň käbirleri içegeleriniň düýrülip, gysylyp-ýazylyp geçýän hereketleriniň ýeterlik däldiginden ejir çekýärler. Utgaşan psihiki bozulmanyň barlygyna, köplenç halatda uly täretiň edilmesiz ýerlerde edilme (iç geçme ýaly bozulmanyň ýoklugynda) güwänamalyk edýär. Kähalatlarda enkopreziň döreýşi ünsüni nämedir bir zada uzak wagtlap dikmezlik, ünsüniň ýeňillik bilen sowlup durmasy, giperaktiwlik we hereketlerini göwnejaý ugrukdyryp bilmezlik bilen geçýän nerw sistemanyň ösüşinde döreýän meseleler bilenem baglanyşykly bolýar. Ikinji nobatda döreýän enkoprez kähalatlarda stres ýagdaýlar (siblingiň dogulmagy, ata-eneleriň nikalaryny bozup aýrylyşmalary, ýaşaýan ýeriniň üýtgedilmegi, mekdepde okuwyň başlanmagy bilen baglylykda döreýän regressiýa (gaýtalanma) bolýar.

*Klinikasy.* Epizodlaryň aglabasy ukuda däl wagty döräp, gijelerine bolýan enkopreziň tamamlanyşy erbet bolýar. Ýagdaýyň 25%-de onuň enurez bilen utgaşýanlygy ýüze çykarylýar. Ünsüni jemläp bilmäniň peselmesi giperaktiwlik, hereketleriň ugrukdyrlyşynyň bozulmalary, frustrasion (agyr ýagdaýlara) çydamlylygyň peselmesi bilen komorbidliligi ýokary bolýar. Gyzlarda peşew-jyns agzalarynyň ýolunda ýokanç keselleriň döremegi ýygy duşýar. Ikinji nobatda döreýän enkoprez, çagada sekiz ýaşa ýetilmezinden öň döreýär, ol enkoprezlileriň ählisiniň 50-60%-ne barabar bolýar. Munda-da, enurezde bolşy ýaly şol stresli ýagdaýlar esasy alamaty öňürdýärler. Özüni alyp barşynyň bozulmalary diňe psihiki keseller dörände ýüze çykýar. Adatça, bu sindrom töwerekdäkilerde ýigrenç duýgusyny döredip, olary özlerinden serpikdirip, maşgalada dawalaryň turmagyna getirýär, deň-duşlarynyň hem ýigrenç bilen garamagy olaryň mertebeleriniň kemsidilmegine getirýär. Töwerekdäkileriň şeýle garamagyna näsaglar göwnübir, biparh garaýan ýaly bolsalar hem, göwünlerinden welin öz-özlerini kiçeldip, özlerini bahalandyryşlary pes görnüşde bolýar.

*Kesel kesgidi.* Enkopreziň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlara bap gelmelidir: 1) öz erkli bolmadyk, ýa-da bilgeşleýin edilýän uly täretiň gaýtalanyp, şonuň edilmesiz ýerlerde (pola, geýim-gejime) edilip durulmagy; 2) biologiki hem akyl ýaşy dört ýaşdan ýokary bolmagy; 3) epizodlaryň ýygjamlygynyň aýda bir gezekden kän bolmagy; 4) bozulmanyň uzaga çekip dowam etmesiniň alty aýdan aňry geçmegi; 5) täretini saklap bilmezlige sebäp bolup biljek organiki patologiýanyň bolmazlygy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Şularyň arasyndan, enkoprezli geçýän organiki ýagdaýlar bilen psihiki keseller çykarlyp aýrylmalydyr, çünki şularda şol ýagdaý özüni alyp barşynyň bozulmasy hökmünde-de ýüze çykarylyp bilner.

*Bejergisi.* Maşgalada dartgynlygy aýryp rahatlyk döredýän hem-de enkoprezden ejir çekýän şahsyň emosional duýgularyny ýeňilleşdirýän psihoterapiýanyň geçirilmegi peýdaly bolýar. Diskineziýanyň alamatlary ýüze çykanda bolsa içege traktynyň işleýşiniň gözegçilige alynmagy üçin pediatriki çäreleriň (içýuwgular,

berhiz tutulmagy) geçirilmegi zerurdyr. Mahsus bolan ýerlikli refleksiň döredilmegi üçin nahar iýlenden soň sypdyrylman her 20-30 minutdan birnäçe munutlap hajathanada bolunmagy maksadalaýykdyr.

**Çagalarda iýilmesiz zatlaryň iýilmegi (Pica).** *Epidemiologiýasy.* Bozulma 1-6 ýaşly çagalaryň 10-20%-de ýüze çykyp, sanynyň oglan-gyzlarda tapawudy bolmaýar. Munuň ýaýraşy çaganyň ýaşy aňry gitdigiçe azalýar. Sosial derejesi boýunça, köplenç halatda näsaglar ykdysady taýdan üpjünçiligi pes bolan maşgalalardan döregen bolýar. Bu bozulma agyr akylkemisli näsaglaryň üçden birinde ýüze çykýar.

*Etiologiýasy.* Ýagdaýyň psihodinamiki taýdan düşündirilşi çaganyň ejesi bilen aragatnaşygynyň bozulyp, onuň üsti bilen çaganyň ene mähriniň ýetmezçiliginiň öwezini doldurmaga synanyşýanlygyna syrykdyrylýar. Şeýle näsaglaryň ejeleri gögelilikleri, salyhatsyzlyklary, emosional sowuk-salalygy, enäniň wezipeleriniň hötdesinden gelip bilmeýändikleri bilen tapawutlanýar. Bozulma çaganyň iýilýän zatlar bilen iýilmeýän zatlaryň aýyl-saýyl edilip, olary biri-birinden tapawutlandyryp bilme ukybynyň ýeterlik däldigini ýüze çykarýar. Muňa belli bir derejede genetiki ýykgynlygyň barlygyny hem takyk ret edip bolmaýar, çünki näsagyň hossarlarynyň arasynda-da bu bozulma bilen keselleýänleriň sanynyň göterimi ýokary bolýar.

*Klinikasy.* Çaganyň iýýän zatlarynyň häsiýeti şoňa iýilmeýän zatlaryň elýeterligi bilen kesgitlenilýär, ýagny köplenç halatda gopan suwagyň bölejikleri, ýüplükler, esgiler, gyl-gypyr, çagyljagazlar, palçyk, çäge, kagyz ýaly zatlaryň üsti bilen döreýän çylşyrymlaşmalaram kesgitlenilýär (agyr metallar bilen zäherlenmek, aýratyn-da gurşun bilen, gurçuk inwaziýalary), triho- (saç) we fito (ösümlik) önümleri bilen baglanyşykly bolan içiň gatamalary döremeýär.

Kemakyllykdan gaýry ýagdaýlylarda bozulma ýetginjeklik ýaşyna ýetilende aýrylyp gidýär.

*Kesel kesgidi.* Çagalyk ýaşyndaky pikler kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlara bap gelmelidir: 1) iýilmeýän zatlaryň durnukly ýa-da gaýtalanyp ýuwdulyp iýilmesiniň hepdede iki gezekden az bolmazlygy; 2) bozulmanyň dowamlylygynyň bir aýdan az bolmazlygy; 3) kemakyllykdan daşary beýleki psihiki bozulmalaryň bolmazlygy: 4) näsagyň biologiki hem akyl ýaşynyň iki ýaşdan az bolmazlygy; 5) çaganyň özüni iýmite degişlilikde alyp barmagy kabul edilip bilinjek, ýagny göterilip bilinjek däpleriň çäklerindäki adaty medeniýete sygmazlygy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Çaga autizminde, şizofreniýada hem çuňňur kemakyllykda iýilmeýän zatlaryň iýilmegi seýrek duşýan hadysadyr.

*Bejergisi.* Özüňi alyp barşyň düzedilmegi üçin edep-terbiýe berliş usulyýetiniň dürli görnüşleri ulanylýar. Psiho- we sosioterapewtiki çäreleriň geçirilmegi çaga bilen ejäniň aragatnaşyklarynyň düzedilmegi hem körpäniň dem-dynç alyp oýna-

masynyň gowulandyrylmagyna niýetlendirilendir. Bozulmanyň somatikli çylşyrymlaşmalaryna aýratyn üns berilýär.

**Sakawlama.** *Epidemiologiýasy.* Çaga ýaşlylaryň arasynda munuň ýaýrawlygy 2-4%-e barabar bolup, onuň sany oglanlarda agdyklyk edýär (3-4:1). Bozulma ýetginjekleriň 1%-de aýrylman saklanýar.

*Etiologiýasy.* Etiologiki ýagdaýlaryň takyklygy mälim däl. Soňky ýyllarda geçirilen ylmy-barlag işleriň maglumatlary sakawlamanyň genetiki nesil yzarlaýjy newrologiki bozulmalygyna şaýatlyk edýär. Käbir halatlarda bu bozulma başdan geçirilen newrologiki patologiýadan soň döreýär. Näsaglaryň özlerinde hem-de olaryň hossarlarynda neberäniň tutuş tohumyna garanyňda beýni ýarymşarlarynyň dominantlygynyň özgerenliginiň üsti açylyp, ol hem beýnide sistemalaýyn disfunksiýalaryň barlygynyň çak edilmegine getirýär. Psihogen nukdaýnazaryndan bolsa kesel çagalygyň irki döwründe idegleýän adamlar bilen dawalaşmagynyň netijesinde döreýänligi sebäpli düşündirilýär.

*Klinikasy.* Başlanyşy, köplenç halatda 2-4 ýaşlylarda ýüze çykyp, soňraky wagtda sakawlamanyň peýda bolma howpy ýuwaş-ýuwaşdan peselýär. Bozulma pessaýlyk bilen ösüp, şonuň ilkinji alamatlary sözlerdäki deslapky sesleriň gaýtalanmasy bolýar-da, emosional dartgynlanylan pursatlarda ýa-da howluganda sözlemdäki ilkinji sözleriň, ýa-da has kyn sözleriň gaýtalanmasy bolýar. Sakawlamanyň epizodlary dogry gürleýşiň döwürleri bilenem çalşyrlyp geçip biler. Kähalatlarda, haçan-da nämedir bir zat sesli okalanda, aýdym aýdylanda, öý haýwanlary ýa-da jansyz zatlar bilen gürleşilende sakawlama asla bolmanam biler. Başlangyç mekdepde sakawlamanyň peýda bolmagy has durnukly bolup biler. Ýetginjeklik döwrüniň irki ýyllarynda sakawlama, esasan, ýöriteleşdirilen aýratyn ýagdaýlarda (synpyň öňünde çykyş edilende, nätanyş adamlar bilen telefonda gürleşilende ýüze çykýar). Alamatyň döremegine bolan gorky kemala gelýär, gepleşilmä mejbur edýän ýagdaýlardan gaça durmak, sakawlananda – ýüz myşsalaryň dartylşyp dartgynlanylmasy, tikleriň peýda bolmasy ýüze çykýar.

Ýagdaýyň ýeňil geçýänleriniň 50-80%-de keseliň gowulaşyp öz-özünden gutulýan mahallary-da seýrek däl. Munuň çylşyrymlaşmalary okatmagyň kynlygyndan, köpçüligiň öňünde çykyş edip bilme mümkinçiliginiň ýoklugyndan, käri boýunça üstünlikleriň gazanylyp bolunmazlygyndan hem deň-duşlarynyň öňünde özüni kemsidip kiçeltme bilen baglylykda sosial dezadaptasiýanyň döremeginden ybaratdyr.

*Kesel kesgidi.* Sakawlamanyň kesgidiniň goýulmagy üçin ýagdaý aşakda görkezilen alamatlara bap gelmelidir: 1) sözleriň ýygy gaýtalanyp ýa-da sesleriň zogdurylyp çykarylmasy, bogunlaryň ýa-da sözleriň süýkdürilmegi, geplenende öz erkine bagly bolmadyk arakesmeleriň edilmegi sebäpli çalt gürlemegiň aýdyň bozulmagyna getirýän ýagdaýlar bilen geçýän durnukly hem hemişelik bolan ýoýulan gürleýiş; 2) bozulmanyň uzaga çekişiniň üç aýdan az bolmazlygy.

*Tapawutlandyryş kesgidi.* Spastiki disfoniýa döränden dem alşyň ýoýulmalary ýüze çykyp, ýöne ol ýagdaý sakawlamada bolmaýar. Deminiň agyr alnyp hopukmadan tapawutlylykda sakawlama subýektiw distresli geçýär. Gürleýşiň çalymdaşrak bozulmalary garaguşagyrynyň miokloniki formasynda, paroksizmal bozulmalaryň gaýry görnüşleriniň kliniki ýüze çykyşyny hem EEG barlaglarynyň netijeleri tapawutlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

*Bejergisi.* Psihoterapewtiki usullar peýdasyz bolup, diňe ikinji nobatdaky baslygan reaksiýalaryň düzedilmeginde ulanylyp bilner. Farmakologiki serişdeleriň ýetirýän peýdasy juda pes bolýar. Ynandyrma, ünsi sowma we relaksasiýa (myşsalary gowşatma) usullary spesifiki peýdany berse-de, ol gysga möhletleýin bolýar. Häzirki zamana bap çemeleşmeleriň aglabasy dürli görnüşdäki ýöriteleşdirlen defektologiki maksatnamalarda esaslanyp, özüni alyp barşynyň usullary üýtgedilip geçirilýär.

## 27-nji bap. Psihiki bozulmalaryň bejerilişiniň umumy ýörelgesi, psihofarmakologiýa. Psihotrop derman serişdeleriniň umumy häsiýetlendirilişi hem toparlara bölünişi

M. D. Maşkowskiniň (2010) bellemegine görä, psihotrop dermanlary diýip, psihiki näsaglara mahsus bolan terapewtiki ýa-da öňüni alyjy (profilaktiki) täsiri ýetirýän derman serişdelerine düşünilýär. Şonda merkezi nerw ulgamynynyň (MNU) fiziologiki işleýşine we psihiki prosesleriň geçişine belli bir derejedäki täsiri farmakologiki dermanlaryň dürli toparlarynyň ýetirip bilmegindäki tapawutlylygy olaryň psihiki funksiýalary üýtgedip MNU-nyň işleýşiniň bozulmalarynda onuň kadaly ýagdaýyny üpjün etmesi bilen häsiýetlenýär.

Psihotrop dermanlaryň kliniki ulanylyşy psihiki keselleriň «biologiki bejerilişi» diýilýän usula degişli bolup, ol patobiologiki, somatoserebral mehanizmleriniň bozulmalary döränden hem-de beterlemeginde sosioreabilitasion täsir etmeden tapawutlylykda näsagyň şahsyna gönümel täsiri ýetirýär. Psihofarmakologiýanyň pajarlap ösýänligi bilen baglylykda täsirliligi has ýokary, beýniniň aýry-aýry anatomiki we neýrohimiki düzümlerine gönümel täsir edýän täze dermanlaryň peýda bolmagy bilen baglylykda, häzirki wagtda psihotrop serişdeleri ruhy bozulmalaryň bejergisiniň esasy usullarynyň birine öwrüldi.

Aýratyn ýokary psihoterapewtiki täsirliligi görkezýän diýlip bellige alnan dermanyň ilkinjisi hlorpromazin (aminazin) bolupdy. Şony hem ilkinji bolup psihiatriki klinikada 1951–1952-nji ýyllarda J. Delaý we şonuň işdeş kärdeşleri ulanypdyrlar. Soňky onýyllyklarda biologiki bejerginiň geçirilmeginde psihofarmako-

logiýa psihiatriki klinikada durnukly orny eýeledi. Psihotrop serişdeleriň häzirki wagtda ulanylýanlarynyň sany birnäçe ýüzden geçdi.

Psihotrop dermanlaryň häzirki zaman toparlara bölünişi Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň (BDSGG-yň) ekspert toparynyň maslahat bermeginde esaslanyp, ýagny preparatlaryň toparlara bölünişine olaryň klinikada alamatlary bejerip aýryşyna, ýagdaýy düzedişine baglylykda esalandyrylmagydyr. Şu toparlara bölünme dermanlaryň aşakda görkezilenlerini öz içine alýar.

1. Neýroleptikler (antipsihotiki serişdeler) – psihozlarda terapewtiki täsiri ýetirip, näsaga emosional köşeşmä, biperwaýlyga, gymyldy hereketleriň peseldilmegine getirip togtadýanlar.

2. Anksiolitiki sedatiw (köşeşdiriji) serişdeler – gorky duýgusyny, howsalany, ynjalykdan gaçyp birahatlanmany gowşadyp, myşsalary relaksirläp köşeşdirme, ukyny getirme ýaly ýagdaýlara täsir etmegi bilen häsiýetlenýär.

3. Antidepressantlar – dürli sebäplere görä döreýän depressiw ýagdaýlaryň bejerilmeginde ulanylýan dermanlar.

4. Psihostimulýatorlar – beýni işleýşini tijendirip, psihiki we fiziki işjeňligi güýçlendirýär.

5. Psihodisleptikler (gallýusinogenler – gallýusinasiýalary döredýänler, psihotomimetikler) – psihikany özgerdýän serişdeler, meselem, düşünme we kabul etme ukyplaryny ýoýýanlar.

Türkmenistanda we beýleki Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy ýurtlarynda M. D. Maşkowskiniň (1985) teklip eden psihotrop serişdeleriniň toparlara bölünişi giňişleýin ýaýrap, ol ýokarda görkezilen BDSGG-yň toparlara bölünişine meňzedilip, kliniki farmakologiýada mälim bolan psihotrop serişdeleriniň birnäçe toparlarynyň ähli görnüşleriniň bejerişde ulanylmasynda tapawutlanylyşyny, täsir edişiniň farmakologiki mehanizmini we kliniki aýratynlyklaryna düşünmäge ýardam edýär.

Şu işde biziň pikirimizçe kliniki-farmakologiki çemelenişiň hakykaty inkär edýän psihotrop we şonuň täsir edişine ýakyn bolan dermanlaryň toparlara bölünişi ulanylyp, şol hem olaryň esasy kliniki ugrukdyrylyşynyň, şeýle-de olaryň molekulýar düzülişiniň aýry-aýry klaslara we toparlara bölünmeginiň farmakodinamikasynda hem täsir edişiniň mehanizminiň aýratynlyklaryny hasaba alýar. Dermanlaryň bolsa şeýle toparlary bölünip görkezilýär:

1. Neýroleptikler (antipsihotiki preparatlar).
2. Anksiolitikler (trankwilizatorlar) we uky tutduryjy serişdeler (gipnotikler).
3. Antidepressantlar (timoanaleptiki preparatlar)
4. Psihostimulýatorlar (psihotonikler).
5. Normotimiki serişdeler.
6. Neýroprotektorlar (nootroplar).
7. Psihoaktiw maddalara garaşly bolmanyň garşysyna ulanylýan dermanlar.

**Psihofarmakoterapiýanyň we kliniki farmakologiýanyň wezipelerine çemeleşmäniň esaslary. Psihofarmakoterapiýanyň düzgünleri.**

1. Esasy monoterapiýa.
2. Bejergi bellenilişiniň ýönekeýligi.
3. Näsagyň bejeriliş düzgün-tertiplerini gyşartman saklamagy.
4. Şahsy aýratynlykda saýlanylyp alnan usul arkaly näsaglaryň bejerilişi.
5. Goşmaça ýetirilýän täsirleriň mümkingadar azaldylmagy.
6. Dermanlaryň biri-biriniň täsirini güýçlendirmegiň bolmazlygyny gazanmak.

**Psihofarmakoterapiýanyň wezipeleri.**

1. Keseliň ýiti güýçlenmesini (şizofreniýanyň, depressiýanyň, maniýanyň) kesmek.
2. Dowamly keseliň agyr ýagdaýda ýüze çykmasynyň gowşadylmagy we näsaglaryň soňky readaptasiýasynyň we resosializasiýasynyň öňüniň alynmagy.
3. Gazanylan adaptasiýa ýagdaýynyň saklanylmagy (remissiýanyň goldalynmagy).
4. Psihosomatiki bozulmalaryň goşmaça bejergisiniň geçirilmegi;
5. Näsagyň öwrenişmegine, uýgunlaşmasyna päsgel berýän psihikasynyň käbir durnukly aýratynlyklarynyň düzedilmegi.
6. Emosional stres bilen şertlendirlen bozulmalaryň öňüni alyş.

Beterlemäniň öňüni alýan bejerginiň wezipesi keseliň alamatlarynyň ýiti görnüşde ýüze çykmagyny aýyrmakdan ybaratdyr. Adatça, şeýle bejergi hassahanada geçirilýär. Ilkinji nobatda, psihozyň psihomotor göçgünliliginiň we essiň aýylmalarynyň garşysyna göreşmeli bolýar. Şu maksada ýetmek üçin, köplenç dermanlaryň parenteral goýberiliş usullary ulanylýar. Keseliň has howply görnüşdäki bolan ýüze çykmalary ýok edilip aýrylandan soňra, dermanlary, esasan, enteral bellemek mümkinçilikleri döreýär. Şonda psihofarmakologiki dermanlaryň aglabasy içilende has ýokary täsirliligi görkezýänligini-de göz öňünde tutmalydyr.

Psihiki alamatlaryň aýrylyp gitmegi bejerginiň kesilmegine esas bermeýär, çünki dowamly geçýän kesellerde ýagdaýyň beterleme howpunyň hemişe ýokarylygy unudylmaly däldir. Köplenç halatda, bejerginiň geçirilmesi uzak wagtlap dowam etdirilýär (kähalatlarda hatda tä ömri ötýänçä-de). Bejerginiň geçirilişiniň şeýle görnüşlisi goldaýjy diýilip atlandyrylýar-da, adatça şol ambulator şertlerde geçirilip, kähalatlarda depo täsirli derman serişdeleri hem bellenilýär (moditen – depo, galoperidol dekanoat we başgalar). Kähalatlarda bejerginiň şeýle görnüşlisi näsagda kesel alamatlarynyň düýpden bolmazlygynda-da geçirilýär, ýagny şol serişdeler keseliň gaýtalanmagynyň garşysyna gönükdirilme maksady bilen bellenilýär.

Käbir ýagdaýda bolsa lukmanyň keseliň alamatlarynyň aýrylyp giderine umydy bolmasa-da, ol derman ulanylmanyň hem-de psihoterapiýanyň geçirilmegi arkaly kesel alamatlaryny ýumşadyp näşagyň öwrenişip, uýgunlaşyp bilmesini ýokarlandyrmaga synanyşýar. Muňa düzediji bejergi diýilýär.

Psihotrop serişdeleriň psihiki däl-de, süňňi näsaglarda-da olary operasiýa geçirilmegine taýynlanlarynda, himioterapiýa, şöhle terapiýasy geçirilmeziniň arasynda-da ulanylýan ýerleri seýrek däl. Dermanlar barlaglaryň çykarjak netijesine uzak wagtyň dowamynda garaşmaly bolanda-da sabyr-takatyny ýitirmän saklanmagyna-da kömek edýär. Psihofarmakologiki serişdeleri goşmaça täsiriň ýetirilmegi üçin psihosomatiki (psihosüňňi) keselleriň (aşgazan başy, gipertoniýa keseli, gipertireoz we başg.) bejerilmeginde-de ulanylýar. Şeýle görnüşde utgaşdyrylyp geçirilýän bejergi arkaly diňe bir derman ulanylma bilen geçirilýänden tapawutlylykda has ýokary netijeleri gazanmaga mümkinçilik döredýär.

Agyr durmuş ýagdaýlaryna düşen sag adamlaryň psihofarmakologiki serişdeleri ulanýan ýerlerem seýrek däl. Şeýle halatda derman ukyny gowulandyrmak, işewürligiň ýokarlandyrylmagy, ýüregdüşgünç howsalanyň hem çökder sustupesliiň aýrylmagy üçin ulanylyp, düşülen agyr ýagdaýdan çykmaga mümkinçilik döredýär. Şular ýaly ýagdaýda dermanyň ulanylmagy lukmanyň gözastynda geçirilmelidir, çünki psihofarmakologiki dermanlaryň ýerliksiz ulanylmagy näsagy şoňa öwrendikli edip, neşebentlidäki ýaly dermana garaşlylygyna getirýär (toksikomaniýa ýa-da narkomaniýa). Psihotrop serişdeleriň uçdantutma barysy bolsa özüne öwrenişdirip, şol ulanylmasa oňubilmezlik ýagdaýyna getirmeýär. Ýöne, köplenç halatda garaşlylyga getirýän ýagdaý trankwilizatorlaryň, barbituratlaryň, psihostimulýatorlaryň, siklodolyň gözegçilige alynman bitertip ulanylmagyna getirýär, şol bir wagtda-da neýroleptikler, antidepressantlar we nootroplar toksikomaniýany örän seýrek döredýärler.

Derman serişdeleriniň berilýän möçberi her bir näsag üçin aýratyn saýlanyp alynýar. Bejeriş täsirini dermanlaryň juda az mukdaram, has köp möçberem ýetirip biler. Kähalatlarda bolsa dermanlaryň az hem köp mukdarlary ters görnüşli täsiri döredip biler. Meselem, sedatiw (köşeşdiriji) serişdeleriň köpüsiniň az mukdary gowşadyjy hem hereketlenmeleri güýçlendiriji täsiri ýetirip biler. Näsaga derman berlende onuň agdyk mukdarynyň ulanylmagynyň howpludygyny hossarlaryna duýdurylmagy unudylmaly däldir. Dermanlaryň agdyk mukdaryny ulanma psihopatiki häsiýetliler bilen öz janlaryna kast etmäni ýüregine düwen depressiýaly (sustupeslikli) näsaglar ýykgyn edegen bolýarlar. Dermanlardan zäherlenmeleriň has agyr görnüşlerini trisikliki antidepressantlar, käbir neýroleptikler (fenotiazinden öndürilenleri) we barbituratlar döredýär. Tersine, serotoniniň selektiw ingibitorlarynyň toparyna degişli bolan täze antidepressantlar we nootroplar hatda uly möçberde ulanylanda-da howply ýagdaýlara getirmeýänligi sebäpli olar oňaýly hasaplanylýar.

Psihofarmakologiki serişdeleriň kabul edilmeginiň dowamlylygy dürli görnüşde bolup biler. Meselem, uky tutduryjy serişdeleriň hem trankwilizatorlaryň berilmegi az möhlet dowam etdirilýär. Beýle edilmek bolsa şol dermanlaryň ulanylmagy juda uzaga çekdirilse şol maddalara öwrenmeklik döreýär-de, täsir güýji

peselýär. Elbetde, berilýän dermanyň mukdaryny köpeltse-de bolar, ýöne şeýdilende ony öwrenmeklige getirme howpam artýar. Şol sebäplem trankwilizatorlaryň hem uky tutduryjy serişdeleriň ulanylyşy ýerlikli hem hökmany sebäpler, ýagny şoňa zerurlyk bolmanda 2-3 hepdeden uzaga çekdirilmeli däldir. Neýroleptikler, antidepressantlar we tetaniki tutgaýa garşy gönükdirilen dermanlar has dowamly bejeriş tapgyrlarynyň geçirilmeginde ulanylýar, kähalatlarda goldaýjy bejergi görnüşinde geçirilýänleri näsagyň ähli ömrüniň dowamynda üznüksiz görnüşde-de bellenilýär. Näsaga dermanlaryň uzak wagtyň dowamynda ulanylmagynyň onuň keselinden açylyp sagalmagy hem saglygynyň gowy ýagdaýda saklanylmagy üçin zerurlygam düşündirilmelidir. Neýroleptikleriň we antidepressantlaryň bejeriş täsiri azyndan 2-3 hepdeden soň (hatda ondanam gijräk) ýüze çykýanlygy sebäpli, şol ýagdaýyň bejerginiň täsirliligine ynamyň gaçmagyna sebäp bolup, olam kähalatlarda bejerginiň geçirilmeginiň wagtyndan ir kesilmegine getirip, näsagyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan ýerlerem bolýar.

Derman serişdeleriniň täsirliliginiň hem ulanylşynyň howpsuzlygynyň ýagdaýy olaryň dogry utgaşdyrylyp geçirilmeginede baglydyr. Dermanlaryň käbirini iş ýüzünde gaýry hiç bir derman bilenem utgaşdyryp geçirmek asla başa barmaýar (meselem, nialamid, transamin,monoaminoksidazanyň ingibitorlaryny).

Umuman alanyňda, psihotrop serişdeleriň köp sanlysynyň bir wagtda berilmegi bejeriş geçirilişiniň tertibiniň çökder bozulmasy saýylýar. Şol bir wagtda-da käbir halatlarda birnäçe dermanyň utgaşdyrylyp berilmesi (antidepressantlar bilen neýroleptikleriň, neýroleptikler bilen siklodolyň, antidepressantlar bilen trankwilizatorlaryň) bejerginiň täsirliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredip, dermanlaryň umumy mukdarynyň azaldylmagyna ýardam berip, goşmaça ýaramaz täsiriň ýetirilmeginiň azaldylmagyna-da getirýär. Alkogol bilen köşeşdiriji serişdeler, köplenç halatda biri-biriniň täsirligini güýçlendirýänligi sebäpli, şeýle utgaşdyrylmadan gaçarak durulsa ýagşy.

Dermanlar berlende olaryň täsir edişiniň uzaklygynyň hasaba alynmagam zerurdyr. Psihofarmakologiki serişdeleriň arasynda 2-3 sagat täsir edýänlerem bar (alprazolam, zolpidem, droperidol, walproatlar) we uzaklaýyn (barbituratlar, fluoksetin, lewomepromazin, amitriptilin) bir gije-gündiziň dowamynda öz täsirini saklaýanlaram az däl. Aýratyn görnüşdäki ýörite depo-dermanlar hem bar (galoperidolyň dekaonaty, moditen-depo, rispolept-konsta), olar bir hepdäniň dowamynda, hatda ondanam uzak wagt dowam edýärler. Gysga wagtlaýyn täsir edýän serişdeler ýiti psihozyň ýatyrylmagy, ukusyzlygy bejermek üçin has amatly bolýar. Şolar ulanylandan soň haýsydyr bir üýtgeşik ýaramaz ýagdaýlar döremeýär-de, näsag aýňalyp, tiz wagtyň içinde işine dolanyp adaty zähmet çekmesine başlabam bilýär. Ýöne näsagyň ganynda şol dermanlaryň gyradeňlikdäki ýeterlik mukdarynyň saklanylmagy üçin, ol serişdäniň gün içinde 3-5 gezek içilmegem zerur bolýar, olam käbir kesellerde, meselem, garaguşagyryda islenilmedik ýagdaý hasaplanýar.

Uzak wagtlap täsir edýän dermanlary peýdalanmak bolýar, çünki olary gün içinde bir gezek, hatda ondan seýregräk ulanma bilen çäklenip bolýar, olar uzak wagtyň dowamynda geçirilýän goldaýjy bejerginiň amala aşyrylmagynda-da diýseň amatlydyr. Ýöne goşmaça täsiriň ýetirilme howpunyň döremegi barha artyp, näsag hatda şol dermany içmesini kesensoňam özüni onaýsyz duýup, rahatlanyp bilmeýär. Mundan başga-da bedenindäki dermanyň gereginden artyk mukdary üýşüp toplanma howpy döräp, olam ýagdaýyň agyrlaşmagyna-da getirip biler.

Psihofarmakologiki serişdeler berlende adamyň ýaşam hasaba alynmalydyr. Çagalara bejergi geçirilende köşeşdiriji dermanlaryň (benzodiazepinleriň, barbituratlaryň) ulanylmagynda olaryň maksadalaýyk bolmadyk görnüşinden peýdalanmakdan gaça durmaly. Çünki olar, köplenç halatda, ters täsir edip gowşaklyga getirýär. Çaga ýaşyndaky näsaglara neýroleptikler ýokary täsirliligi hem howpsuzlygy görkezip, aýratynam çaga şizofreniýasynda we autizmde (gürlemän töwerekdäkilerden arany üzüp, dünýäden doýgun ýaly bolup öz pikir-hyýallaryna görä ýaşamak) olar çaganyň dogry ösmegine ýardam edip, akyl-paýhas ösüşiniň togtadylmagynyň öňüni alma we onuň goýalmagyna-da hemaýat edýär. Çagalarda nootroplar köp sanly keselleriň bejerilmeginde giňişleýin peýdalanylýan derman ýaly garalyp, olar çagalary okatmakda we täze endikdir häsiýetleriň döredilmeginde-de gowy täsiri ýetirýär. Dermanyň berilmeli mukdarynyň ölçeginiň çykarylmagy üçin adaty hasaplardan (göwräniň agramynyň her bir kilogramyndan) ugur almak gerek, has takygy endamyň üst gatnaşygynyň indeksi çykarylýar. Ýaşy bir çene baran gojalan näsaglar trankwilizatorlara ýokary duýgurlygy bildirip, köplenç halatda şonuň miorelaksirleýji täsirinden ejir çekýärler (ýöräp bilenoklar, häli-şindi büdüräp ýykylyp durýarlar). Şol sebäpli-de gojalan ýaşuly adamlar üçin trankwilizatorlaryň berilýän möçberi ýaşlara bellenilýäninden iki esse az bolmaly. Neýroleptikleri bolsa gojalan adamlar has gowy göterýär. Uzaklaýyn täsir edýän dermanlaryň gojalardaky madda çalşyk hadysasynyň haýallamasy hem bedeninde baslygyp köp mukdarynyň toplanmasyna getirýänligi sebäpli ulanmak maslahat berilmeýär.

Göwreli aýallara psihotrop serişdeleriň berilmegi hem köp kynçylyklaryň döremegine getirýär. Mälim bolan psihotrop serişdeleriň ählisi diýen ýaly göwredäki çaga täsir edip biler. Olaryň köpüsi emdirýän enäniň süýdünde-de toplanyp biler. Şol sebäplem aýratyn seresaplylygyň görkezilmegi göwreliligiň ilkinji üç aýynda diýseň wajypdyr. Bardy-geldi bejerginiň geçirilmegi gutulgysyz hökmany bolanda (meselem, ýiti görnüşli psihoz döräninde, hut öz janyna kast etme howpuny abandyrýan depressiýada, ýygjam tutgaýly geçýän garaguşagyryda) şolaryň has howpsuzlary we has güýçli täsir edýänleri saýlanyp alnyp, az mukdary ulanylmalydyr (galoperidol, litiý, lorazepam) korrektorlaryň (düzedijileriň) bellenilmegi (dimedrol, siklodol) asla bolmaýar. Çaga dogrulmazyndan iki hepde öň dermanlaryň berilmegi ýuwaş-ýuwaşdan kemeldilip kesilmeli-de, çaga dogrulan badyna öňki mukdarynyň berilmegi dowam etdirilmeli. Çünki, şeýdilmese çaga

dogrulandan soňky psihozyň döremegem ähtimaldyr. Eger-de göwreli aýallara derman berilmeginiň gaty bir zerurlygy bolmanda şolara psihofarmakoterapiýa geçirilmeýär.

Ýokarda görkezilen düzgün-tertipler gyşarnyksyz berjaý edilende psihotrop serişdeler bilen bejerginiň geçirilmegi hatda şolar uzak wagtlap ulanylanda-da ýeterlik derejede howpsuz hem täsirli bolýar.

**Neýroleptiki (antipsihotiki) serişdeler.** Neýroleptikler kliniko-farmakologiki täsiri ýetirmäniň giň derejelisine eýedir. Şolaryň esasy aýratynlyklary psihomotor göçgünliligi, affektiw dartgynlylygy we agressiwliligi peseltmegidir. Şu aýratynlyklar öndürijilikli psihopatologiki (paranoidde, gallýusinasiýalarda, awtomatizmlerde we başg.) ýagdaýly näsaglarda hasam äşgär ýüze çykyp, öz gezeginde şizofreniýanyň we gaýry psihozlaryň bejerilmeginde oňaýly şertleri döredýär. Neýroleptikler uky tutduryjy dermanlaryň, narkotikleriň, analgetikleriň ýerli anestetikleriň sinergisti bolup, psihostimulirleýji (tijendiriji) serişdeleriň täsirini bolsa peseldýär.

Neýroleptikler beýnidäki neýrohimiki (mediator) hadysalary özgerdýärler: dofaminergiki, adrenergiki, serotoninergiki, GAMKergiki, holinergiki, neýropeptidleri we başgalary. Neýroleptikleriň dürli toparlary we aýry dermanlary neýromediatorlaryň emele getirilmegine, toplanylmagyna, bölünip aýrylmagyna we metabolizmine, şeýle-de beýniniň dürli duzümlerindäki reseptorlary bilen özara täsirliligi boýunça tapawutlanyp, ol hem şolaryň farmakologiki häsiýetine ýoňsuz derejede täsir edýär.

Neýroleptikler beýniniň dürli düzümlerindäki dofamin ($D_2$) reseptorlary blokirleýärler (gabaýarlar). Bu bolsa, esasan, antipsihotiki işjeňliginiň güýçlenmegine şert döredýänligi çak edilip, şol bir wagtda-da merkezi noradrenergiki reseptorlaryň diňe sedatiw (köşeşdiriji) ukybyny döredýär. Dofamin mediatory işjeňliginiň peseldilmesi neýroleptikleriň diňe bir antipsihotiki täsiri bilenem ýoňsuz derejede baglanyşykly bolman, şeýle-de onuň döredýän «neýroleptiki» sindromy (ekstrapiramid bozulmalar) bilenem baglydyr. Merkezi dofamin reseptorlaryna täsir edilmegi käbir endokrin bozulmalaryň döremegine-de getirýär. Gipofiziň dofamin reseptorlaryny blokirleme bilen prolaktiniň bölünip çykarylmasyny güýçlendirýär, gipotalamusa täsir etmegi bilen – kortikotropiniň we somatotrop gormonynyň çykmasyny togtadýar.

Neýroleptikleriň aglabasy dürli görnüşler arkaly bellenilende (içilende, myşsa sanjylanda) gowy sorulyp bedene ýaýraýar-da gematoensefaliki päsgelçilikden geçip, beýnide bedeniň beýleki iç agzalaryna garanyňda (bagyrda, öýkenlerde) az mukdary toplanyp, bagyrda özgerdilýärler, esasan, peşew, az mukdary täret üsti bilen çykarylýar.

Olaryň ýarymdargama döwri gaty bir dowamly bolman, bir gezek ulanylandan soň uzak täsir etmeýär. Täsir edişi uzaklandyrylan (flufenaziniň dekanoaty, fluspi-

rilen, pimozid we başg.) içirilmeden başga-da, dermanlar hem döredildi. Psihotrop täsir edişiniň aýratynlyklaryna baglylykda neýroleptikler şertli görnüşde sedatiw täsiri has ýokary bolan ýa-da işjeňleşdiriji täsirli dermanlara bölünýärler.

Şonuň bilen bir hatarda, güýçli antipsihotiki ýa-da täsirliligi aýdyňlaşdyrylmadyk topary hem görkezýärler. Olar esasan, psihomotor göçgünliligi ýatyrmak hem-de psihiki alamatly näsaglaryň tapgyrlaýyn bejergisiniň geçirilmegi üçin ulanylýar (galoperidol, droperidol, zuklopentiksol, risperidon, tioproperazin, trifluoperazin). Bejeriş işinde täsir edişi dowamly bolan neýroleptikler aýratyn orna eýedirler (galoperidol dekanoaty, moditen-depo, piportil L-4 we başg.).

Aşakda şol neýroleptikleriň himiki gurluşyna esaslandyrylan adaty toparlara bölünişi görkezilýär:

1. Alifatiki fenotiazinler: alimemazin, lewomepromazin, promazin, hlorpromazin we başg.

2. Piperidin we difenilbutilpiperazin fenotiazinleri: perisiazin, pipotiazin, tioridazin, penfluridol, pimozid, fluspirilen we başg.

3. Piperaziniň fenotiazinleri: metofenazin, perfenazin, prohlorperazin, tioproperazin, trifluoperazin, flufenazin we başg.

4. Butirofenonlar: benperidol, galoperidol, droperidol we başg.

5. Tioksantenler: hlorprotiksen, zuklopentiksol, flupentiksol we başg.

6. Benzamidler: amisulpirid, sultoprid, tiaprid, sulpirid.

7. Pirimidinden we imidazolidinondan öndürlenler: risperidon, sertindol.

8. Indoldan öndürlenler: dikarbin.

9. Gaýry toparlaryň preparatlary: klozapin, olanzapin.

Soňky ýyllarda barlagçylaryň köp sanlysy neýroleptikleri iki topara bölýärler: adaty antipsihotiki serişdelere (hlorpromazin, galoperidol, flufenazin, tioridazin, pimozid we başg.) we täze «adaty dällere» (klozapin, olanzapin, kwetiapin, risperidon we başg.). Olaryň şeýle bölünmegi döredilen wagty bilen kän bir baglanyşykly bolmaýar. Olaryň öňkülerden esasy tapawudy täze dermanlaryň goşmaça täsiriniň azlygy (öňi bilen ekstrapiramid bozulmalaryň azalyp) antipsihotiki täsiriniň saklanmagyndan daşary, hatda güýçlenmegi bilen häsiýetlidir. Munuň bolsa, täze serişdeleriň öňkülere garanyňda işjeň metabolitleri az mukdarda emele getirmegi hem-de dofamin, serotonin, muskarin we gistamin reseptorlara ýakyn meňzeşliginiň barlygy bilen baglanyşykly diýlip hasaplanýar.

Täze antipsihotiki serişdeleriň umumy alamatlary:

1. Psiholeptiki täsiriň gowşak görnüşde ýüze çykmagynda antipsihotiki täsiriň has äşgär ýüze çykyp bildirmegi.

2. Goşmaça ekstrapiramid ýagdaýlaryň bolmazlygy ýa-da çala bildirmegi.

3. Prolaktinemiýanyň we goşmaça psihoendokrin täsiriň bolmazlygy ýa-da çala bildirip ýüze çykmagy.

Neýroleptikleriň berilmegine umumy görkezijiler ýiti we dowamly psihozlar we dürli sebäplere görä dörän şizofreniýa kesellerdäki organiki we intoksikasion (zäherlenme zerarly dörän) psihozlardaky psihomotor göçgünlilik sindromy, akyl kemisligi, şahsyň bozulmalary: maniakal ýagdaýlar, güýçli hereketlenmeler bilen geçýän depressiýalar, depressiw–paranoidli ýagdaýlar, käbir obsessiw-kompulsiw ýagdaýlar we somatoform bozulmalar; Žillýa de Lýa Turettanyň sindromy, horeýa we beýleki giperkinetiki hereketlenmeli bozulmalar, agyr görnüşli ukusyzlyk, uzaga çekýän synçgyrma, dynyp bolmaýan gusup-gaýtarma, operasiýanyň öňüsyrasyndaky derman belleme, neýroleptoanalgeziýa (droperidol) degişlidir.

Neýroleptikleriň kliniki spektrde işjeňligini kesgitleýän parametrleri aşakda görkezilýär:

• Giňişleýin antipsihotiki täsir – preparatyň psihozyň dürli görnüşde ýüze çykmagyny endigandan tekiz gowşadyp, keseliň beterleşmeginiň öňüni almagy;

• Sedatiw rahatlandyryjy täsir – paranoid ýa-da maniakal göçgünliligiň aýrylmagy üçin zerur bolan ilkinji köşeşdiriji (togtadyjy) täsiri; MNU tutuşlaýyn togtadyjy täsiri ýetirme we şol sanda-da bradipsihizm ýagdaýlary, ünsüň jemlenmesiniň bozulmalary, süňňüňi ýeňil duýmanyň peseldilmegi we uky tutduryjy täsiri ýetirmegi;

• Antipsihotiki täsiriň saýlanyp-seçilip täsir etmesi – aýry nyşana-alamatlaryna, meselem, paranoide, gallýusinasiýalara, isleg-küýsegleriň başyna goýberilmegi, pikirlenip oýlanyşyň ýa-da özüni alyp barşyň bozulmalary; adatça, tutuşlaýyn ýetirilýän antipsihotiki täsirden soň ikinji orunda döreýär;

• Aktiwizirleýji antipsihotiki täsiriň ýetirilmegi (dartgynlygyň gowşadylmagy, dezingibirleýji we antiautistiki) – öňi bilen negatiw (defisitar) alamatly şizofreniýaly näsaglarda ýüze çykýar;

• Depressogen täsiriň ýetirilmegi – käbir antipsihotikleriň uzak wagtlap ulanylmagy aýratyn görnüşli (togtadyjy) depressiýany ýüze çykaryp bilýär;

• Ekstrapiramid täsiriň döremegi – beýniniň ekstrapiramid ulgamyna täsir edilme bilen baglanyşykly bolup, newrologiki bozulmalar bilen ýüze çykýar;

• Somatotrop täsiriň ýetirilmegi – esasan, adrenoblokirleýji we antiholinergiki häsiýetlenme bilen äşgär görnüşde ýüze çykyp, neýrowegetatiw we endokrin ulgamyna goçmaça täsir etmeginde, şol sanda-da gipotenziw reaksiýalaryň we giperprolaktinemiýanyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly bolýar.

Şu parametrleriň neýroleptikleriň klinikada saýlanyp alynmagynda möhüm ähmiýeti bolup, tutuşlaýyn antipsihotiki täsiriň ýetirilişi bilen gaýry goşmaça ýetirilýän täsiriň özara gatnaşygyna baglylykda neýroleptikleri şeýle toparlara bölýärler:

1. Möçberine bagly bolmazdan bada-bat haýalladyjy bolan belli bir täsiri ýetirýän sedatiw neýroleptikler (lewomepromazin, perisiazin, promazin, hlorpromazin, hlorprotiksen we başg.).

2. Tutuşlaýyn antipsihotiki täsiri ýetirmeklige eýe bolan neýroleptikler: galoperidol, zuklopentiksol, nitotiazin, tioproperazin, flufenazin we başg.). Olaryň az mukdaryna aktiwizirleýji täsiri mahsus bolup, möçberiniň köpeldilmegi bilen psihotiki (gallýusinator – paranoid) we maniakal alamatlary ýatyrma häsiýeti artdyrylýar.

3. Neýroleptikleri dezingibirleýji (sulpirid, dikarbon we başg.) has ýokary dartgynlygy gowşadyjy, aktiwizirleýji täsiri ýetirýänler.

Atipiki neýroleptikler (kwetiapin, klozapin, olanzapin, risperidon ýalylar) bolsa ozal görkezilip geçilişi ýaly aýry topara girizilýär, çünki olar açykdan aýdyň antipsihotiki täsiri ýetirip, ekstrapiramid bozulmalary ýüze çykarmaýar, ýa-da olaryň çala bildirýänlerini döredip, şizofreniýaly näsaglarda negatiw hem kognitiw bozulmalary düzetmäge ukyply bolýar.

Neýroleptikleri saýlap-seçip ýerlikli ulanmaklyk keseliň klinikasy dermany göterip bilişi, psihotrop täsir edişiniň spektri we dermanyň ýetirýän goşmaça täsiri hasaba alnandan soň başlanýar. Şizofreniýada neýroleptikleri bejerginiň tapgyrlaýyn geçirilişinde ýiti psihozyň ýatyrylmagy, şeýle-de dowamly görnüşde geçýäninde yzy kesilmän öndürijilikli alamatlaryň aýrylmagy ýa-da keseliň beterlemeginiň öňüniň alynmagy, şeýle-de negatiw (defisitar) bozulmalaryň düzedilmegi üçin ulanylýar.

Neýroleptikleriň möçberi her şahs üçin aýratynlykda saýlanyp alynýar. Keseliň geçişinde urgent görkezmeler bolmasa, meselem ýiti psihozyň ýa-da güýçli göçgünliligiň ýoklugynda, adatça, dermanyň berilýän möçberi ýuwaş-ýuwaşdan köpeldilýär, ýa-da başga dermanyň az-owlak mukdary synag üçin berilýär, iki sagadyň dowamynda allergiki ýa-da gaýry reaksiýalar ýüze çykmasa ol ýuwaş-ýuwaşdan köpeldilýär. Neýroleptikleriň berilmeginiň kesilmesi ýuwaş-ýuwaşdan lukmanyň ünsli gözegçiliginde geçirilmelidir, çünki şeýle edilmese derman berilmäniň kesilme sindromynyň döremegi ýa-da keseliň alamatlarynyň güýçlenme howpy bardyr.

**Neýroleptikleriň ýetirýän goşmaça täsiri we olaryň bejerilişi.** Näsaglaryň aglabasy neýroleptikleriň ýetirýän goşmaça täsirini agzy kepeýän ýaly ýa-da endamynyň çalarak titremesini duýma ýaly ýeňil alamatlar bilen geçirýärler. Antipsihotiki serişdeler bilen geçirilýän bejergilerde döreýän çylşyrymlaşmalaryň agyrlygy gaýry dermanlar bilen geçirilýän bejergileriňkiden ýokary bolmaýar.

1. Spesifiki bolmadyk köşeşdiriji täsir – dermanyň möçberi azaldylyp gerekli derejesine ýetirilme arkaly aýrylýar.

2. Ortostatiki gipotenziýa bilen geçýän antiadrenergiki täsir– kordiaminiň ýa-da kofeiniň berilmegi ýa-da berilýän dermanyň möçberiniň azaldylmagy bilen aýrylýar.

3. Beýnidäki bazal ýadrolaryň dofamin reseptorlarynyň blokadasy netijesinde döreýän ekstrapiramid bozulmalar:

a) Ýiti distoniýa – ýeňsäniň, agzyň we gözleriň hereketlenmesi we göwre myşsalarynyň duýdansyz dartgynlanmagy. Köplenç halatda, geçirilýän bejerginiň birinji ýa-da ikinji hepdesiniň döwründe ýüze çykýar. Damara ýa-da myşsa benzatropiniň (0,5-2 mg), ýa-da difengidraminiň (25-50 mg) goýberilmegi arkaly ýatyrylýar.

b) Akatiziýa – hereketlenilme bilen geçýän ynjalykdan gaçma, bir ýerde arkaýynlaşyp ynjalmazlyk, patologiki birahatlyk.

ç) Parkinsonizm – klassiki üçlük bilen ýüze çykýar.

1. Gipokineziýa.

2. Myşsalaryň dartgynlygynyň ýokarlanmasy.

3. Arkaýynlykda sandyrawuklygyň döremegi.

Akatiziýada we parkinsonizmde ýagdaýyň ýeňilleşip gowulaşmagyny beta-adrenoblokatorlar (propranolol) we M-holinblokirleýji täsirleri bolan antiparkinsoniki serişdeler we benzodiazepinler bilelikde täsir edip döredýärler.

Giçki (tardiw) diskineziýa neýroleptikleriň uzak wagtlap kabul edilmeginde döreýär (şol bolsa neýroleptigiň kabul edilýän möçberine bagly bolman, onuň ulanylyş döwrüniň uzaklylygyna görä ýüze çykýar). Şonuň ösüp beterleşmegini bazal ýadrolaryň dofamin reseptorlarynyň birsyhly blokadasy, dofaminergiki we holinergiki ulgamlaryň arasyndaky deňagramlylygyň bozulmasy bilen baglanyşdyrýarlar. Giçki diskineziýa dörände bolsa neýroleptikleriň berilmesi kesilip, atipiki antipsihotikler bilen bejergi geçirilmelidir.

4. Bedeniň içki agzalaryna ýetirilýän goşmaça täsirler:

a) kardiotoksiki täsir (EKG-de QT interwalynyň uzaklaşmagy, ýürek garynjygynyň aritmiýasy);

b) M-holinblokirleýji täsiriň ýetirilmegi: buşugmanyň togtadylmasy, tahikardiýa, glaukomanyň beterlemegi, iç gatama;

ç) Gepatotoksiki täsiriň ýetirilmegi;

d) Leýkopeniýa we agranulositoz;

e) Deri allergiki reaksiýalary.

Somatiki çylşyrymlaşmalar, köplenç halatda, ýaşy bir çene baran hem mejaldan gaçan näsaglarda döreýär.

5. Zyýanly häsiýetli bolan neýroleptiki sindrom. Myşsalaryň rigidligi, distoniýa, akineziýa, mutizm, kerlik ýaly ýagdaýyň döremegi, ažitasiýa – hereketlenmeleriň güýçlendirilip çuslandyrylmagy ýaly ýagdaýlar bilen häsiýetlenýär. Gyzgynyň 41°C-a ýetmegi, derlegenlik, ýüregiň çalt urmagy, gan basyşynyň ýokarlanmasy ýaly wegetatiw alamatlar hem döreýär. Zäherlenmelerde düwürtik örmesi, damar diwarlarynyň syzylyp geçirijiliginiň ýokarlanmasy, böwrekleriň işleýşiniň bozulmasy ýaly ýagdaýlar hem ýüze çykýar. Neýroleptiki sindromyň döremeginde ölüm howpy ýokarlanýar.

Zyýanly bolan howply neýroleptiki sindromyň bejerilişi: haýal etmän neýroleptikleriň ulanylmagynyň kesilmegini, näsagyň endamynyň sowadylmagyny, suw-elektrolit balansynyň (deňagramlylygynyň) we ýaşaýyş üçin wajyp bolan beýleki funksiýalaryň goldanylmagyny, gipertermiýanyň (gyzgynlygyň ýokarylygynyň) simptomatiki bejergisiniň geçirilmegini, parkinsonizmiň garşysyna gönükdirilen serişdeleriň miorelaksantlaryň, bromokriptiniň ýa-da amantadiniň, nootroplaryň uly möçberleriniň berilmegini, giperbariki oksigenisiýanyň, gemodializiň, ekstrakorporal gemosorbsiýanyň we plazmofereziň geçirilmegini öz içine alýar.

**Antidepressantlar (timoanaleptiki dermanlar).** Antidepressantlar – timoleptikler, timoanaleptikler ýa-da şähdiňi açyp keýpi kökeldip gowulandyrýan psihofarmakologiki serişdeler bolup, depressiw ýagdaýlara saýlap-seçme görnüşde terapewtiki täsiri ýetirýän dermanlardyr.

Antidepressantlaryň ählisine häsiýetli bolan aýratynlyk olaryň näsagyň affektiw sferasyna oňaýly täsir edip, onuň şähdini açyp, keýpiniň kökelmegine we umumy psihiki ýagdaýynyň gowulaşmagyna getirmegidir. Dermanyň psihotrop işjeňliginiň spektriniň utgaşmagyna baglylykda, ýagny antipsihotiki (antidepressiw) işjeňligi tijendiriji ýa-da köşeşdiriji täsirleri ýetirmeginiň esasynda antidepressantlaryň dürli kliniki toparlary ýüze çykarylýar.

Tijendiriji täsiri has köp ýetirýän antidepressantlar: imipramin (melipramin, tofranil), maprotilin (ludiomil), pirlindol (pirazidol). Dermanlaryň şu toparynyň (aýratyn-da imipraminiň) gowy terapewtiki täsir edişi dartgynlygy aýyrmagyndan, psihostimulirleýji – ýagny tijendiriji täsiri ýetirmeginden ybarat bolup, ol hereketlenmeleriň togtadylmagy bilen geçýän depressiýalarda has-da äşgär ýüze çykýar. Howsalaly ýagdaýly bolan depressiýalarda howsalanyň artyp paranoidiň hem gallýusinasiýalaryň beterläp güýçlenmegi ähtimaldyr.

Köşeşdiriji täsiri has köp ýetirýän antidepressantlar: amitriptilin, pipofezin (azafen), trimipramin (gerfonal), ftorasizin ulanylmagy aýratyn-da howsalaly depressiýalarda, howsalanma alamatlary birinji ýeri eýeläp, keseliň kliniki suratlanylyşynda haýsydyr bir betbagtçylyga garaşmak, howsalanma we hereketlenmeli göçgünlilik agdyklyk edende ulanmak maslahat berilýär.

Bularyň has gowy öwrenilenleri trisikliki antidepressantlardyr. Trisikliki antidepressantlaryň täsir ediş mehanizmi noradrenaliniň presinaptiki nerw uçlarynda gaýtadan yzyna sorulmasynyň blokadasy bilen baglanyşykly bolup, şonuň netijesinde-de sinaptiki yşlarda saklanylýan noradrenaliniň mukdarynyň köpelmegidir. Noradrenaliniň toplanyp üýşen ýerlerinde (beýniniň dürli düzümlerinde, şeýle-de ýürekde we öýkenlerde, dalakda we beýleki agzalarda) nerw impulslarynyň adrenergiki geçirijiligi ýokarlanyp, alfa we beta adrenoreseptorlaryň merkezlerinde we çet gyrakylarynda göçgünlilik döreýär. Trisikliki antidepressantlaryň hut şeýle täsiri ýetirişi dofamine we serotonine baglylykda döreýär. Dermanlaryň şu topary

merkezi hem çet-gyraky M-holinoreseptorlary blokirläp atropine çalymdaş täsiri ýetirýär.

Antidepressantlara monoaminoksidazanyň (MAO) ingibitorlary: gaýdymsyz täsirli nialamid we gaýdymly moklobemid degişli. MAO-nyň ingibitorlary turşadyjy dezaminirlenilişi döredip monoaminleri inaktiwasiýalaşdyrýan MAO-ny (noradrenalin, dofamin, serotonin) blokirläp, noradrenaliniň, dofaminiň, serotoniniň beýni düzümlerinde toplanmagyna getirýär. MAO-nyň ingibitorlarynyň we tetra- we trisikliki dermanlaryň täsirini hem özünde utgaşdyrýar.

Neýroleptikleriň täzelere hem-de könelere bölünilişi ýaly, soňky wagtlarda antidepressantlaryňam köne (klassiki) toparlarda we täze görnüşde garalmagy makullanylýar. Birinjilere trisikliki antidepressantlar (amitriptilin, klomipramin, doksepin, imipramin, nortriptilin we başg.) we başga düzümli bolan preparatlar (mianserin) girizilýär. Olar noradrenaliniň we serotininiň selektiw bolmadyk siňdirilişiniň ingibitorlarydyr. Trisikliki antidepressantlar postsinaptiki reseptorlaryň köpüsine meňzeş bolup, megerem, ol şolaryň diňe bir bolup biläýjek terapewtiki täsirini döretmän, eýsem, goşmaça ýetirýän täsirinem kesgitleýär. Ikinji topar (täze antidepressantlar), esasan, serotoniniň gaýtadan yzyna sorulyşynyň selektiw ingibitorlaryny öz içine alyp, olaram serotoniniň sinaptiki yşlara gaýtadan sorulmagyny togtatmaga ukyply bolup, dofamin asetilholin-gistamin we adrenoreseptorlara ýakyndan meňzeş bolýar. Ine hut şu mehanizm arkaly hem täze antidepressantlaryň täsirliliginiň ýokarylygy, ýetirýän goşmaça täsiriniň belli derejede pesligi düşündirilýär. Täze antidepressantlaryň sanyna: paroksetin, sertralin, fluwoksamin, fluoksetin, sitalopram, şeýle-de moklobemid (MAO-nyň gaýdymsyz ingibitory) degişlidir. Nafazodon serotoninin postsinaptiki selektiw antogonistidir.

Antidepressantlaryň kliniki farmakologiýasynyň möhüm aýratynlygy olaryň esasy antidepressiw täsirli derman ulanylyp başlanansoň, takmynan, iki-üç hepdeden ýüze çykmagydyr. Antidepressantlaryň gowy täsir etmesiniň subutnamasy hökmünde ilkinji bolup ýüze çykýan alamatlar ukynyň gowulaşmagy, işdäniň açylmagy, az-kem gijräkden soň bolsa göçgünliligiň peselmegi, howsalanyň aýrylmagy, çykgynsyz ýagdaýa düşenlik duýgusynyň ýok edilmegi, psihiki energiýanyň kadalaşdyrylmagy, ünsüň düzelmegi we jynsy hyjuwyň dikeldilmeginden ybaratdyr. Bejerginiň ilkinji birnäçe gününiň dowamynda trankwilizatorlaryň (benzodiazepinleri, oksilidini we başg.), aýratyn-da çuňňur depressiýalarda öz janyna kast edilmä synanyşylýan ýagdaýlarda goşmaça ulanmak gerek bolýar.

Antidepressantlary ulanmaklyga bolan görkezmeler:

Endogen depressiw sindromlary bolup, şonda-da has gowy netijeleriň keseliň kliniki keşbinde sustupesligiň hem stuporyň tapgyrynyň has äşgär bildirmegidir. Wital, ýagny kalbyň çuňňur sustupesligi diýilýän ýagdaýda ýa-da keýpiň ilkinji sustupeslikli ýagdaýynda antidepressantlar gowy netijelere getirýär. Egerde gorkuly ýagdaý hereketleriň çaltlaşyp göçgünli geçmesi bilen utgaşsa, onda

antidepressantlaryň togtadyjy täsiri ýetirýän neýroleptikler bilen utgaşdyrylyp ulanylmagy maslahat berilýär. Ýagdaýy psihiki alamatsyz geçýänlerde timoleptikler ýakymsyz duýgulary döredip, şol ýagdaý ýeňil görnüşli geçýän neýrolepsiýany ýatladýar. Gödeňsi görnüşde organiki hadysa bilen şertlendirilen depressiýa timoleptikler hiç bir täsiri ýetirmeýärler;

Mysal: eger-de şizofreniýa kliniki keşbinde depressiw ýagdaýlar bar bolanda, gallýusinator – paranoid alamatlaryň döremegine getirýänligi sebäpli antidepressantlar bilen bejerginiň geçirilmegi aýratyn seresaplylygy talap edýär;

– astenoipohondriki sindromlar, aýratynam trawmatiki serebroasteniýada;

– garaguşagyryly näsaglarda aňyň bulaşmasy we disforiýalar;

– çagalardaky gije düşege buşugmak (enurez).

Antidepressiw täsiri ýetirme ukyby käbir beýleki klaslara degişli bolan psihotrop dermanlarda-da bolýar. Depressiýalaryň käbir görnüşlileriniň bejergisiniň geçirilmegi, gowşadyjy täsiriň tiz ýetirilmegi üçin simpatomimetiki psihostimulýatorlar hem ulanylyp bilner: dekamfetamin (dekstroamfetamin), metilfenidat (rilatin). Bularyň özlerine endik etdirme we fiziki garaşlylyga getirme häsiýetleri güýçli bolýar.

**Anksiolitikler (trankwilizatorlar)** – howsalany, gorkyny, birahatlanmany we emosional dartgynlygy peseldýän ýa-da aýyrýan derman serişdelerdir. Anksiolitikleriň ählisine häsiýetli bolan täsiriniň birnäçe görnüşiniň barlygy görkezilýär. Ýöne şu topara degişli bolan dürli dermanlaryň baglylygy bilen täsir edişiniň güýji biri-birinden has tapawutlanýar.

1. Anksiolitiki – howsalany, gorkyny, emosional dartgynlygy peseldýär.

2. Sedatiw (köşeşdiriji) täsiriň ýetirilmegi – psihomotor göçgünliligiň peseldilmesi, gündizki edilýän hereketleriň işjeňliginiň peselmesi, ünsüň jemlenip, belli bir zada dykgatly dikilmesiniň gowşamasy, reaksiýa berlişiniň tizliginiň peseldilmesi we başgalar.

3. Miorelaksirleýji (süňk myşsalarynyň gowşadylmasy), lellimligiň, gowşaklygyň duýulmasy bilen geçýär.

4. Tetaniki tutgaýa garşy täsir edýän serişde bolup garaguşagyry tutgaýynyň batlanmagynyň öňüni alýar, beýnide-talamusda we limbiki ulgamda onuň döremegine itergileýän zolaklardaky ojaklaryň badyny ýatyrýar.

5. Uky tutduryjy (gipnotiki) – uky tutmagyny aňsatlaşdyrma hem tizleşdirme bilen ýüze çykaryp, onuň dowamlylygyny artdyrýar, uky tutduryjy dermanlaryň, narkoz we agyryny aýryjy serişdeleriň täsirini güýçlendirýär.

6. Wegatostabilizirleýji – wegetatiw nerw ulgamynyň işleýşiniň kadalaşdyrylmagy bilen bagly bolýar. Kliniki taýdan şeýle täsir howsalanyň wegetatiw taýdan ýüze çykyşynyň peseldilmesi bilen ýüze çykarylyp (gan basyşynyň durnuksyzlygy, tahikardiýa, derlegenlik, aşgazan-içege traktynyň işiniň bozulmalary we başg.) arkaly bildirýär.

Käbir trankwilizatorlaryň spektrinde kähalatlarda goşmaça täsiriň barlygy hem belli edildi – aktiwizirleýji, antifobiki (gorkynyň garşysyna gönükdirlen täsir) we başg. Anksiolitigiň aktiwizirleýji täsir bilen utgaşdyrylmagy medazepama, gidazepama, tofizopama we başgalara häsiýetli bolýar.

Antifobiki täsiri alprozolam, diazepam, klonazepam, lorazepam, hlordiazepoksid we başgalar has äşgär ýüze çykarýarlar.

Kliniki çäreleriň geçirilmegi üçin anksiolitik saýlanylyp alnanda onuň spektrindäki ýetirýän täsiriniň tapawutlanyşy hem hasaba alynmalydyr. Meselem, has güýçli anksiolitiki täsiri ýetirýänlere fenazepam, diazepam, lorazepam, alprozolam we başgalar girizilýär. Aramrak anksiolitiki täsiri bromazepamyň, gidazepamyň, medazepamyň, oksazepamyň ýetirýänligini hem subut edildi. Tetaniýany gowşadyp, dartgynlygynyň aýrylmagyna klonazepamyň, diazepamyň (az-owlak derejede) nitrazepamyň we başgalaryň getirýänligi hem mälim edildi. Güýçli wegetotrop häsiýetlilere tofizopam, diazepam, gidazepam we başgalar degişlidir. Miorelaksirleýji işjeňlik diazepama, hlordiazepokside, lorazepama we başgalara häsiýetli bolýar. Trankwilizatorlaryň arasynda güýçli anksiolitiki täsiri ýetirip, gowşagrak miorelaksirleýji we uky tutduryjy täsiri ýetirýänlerden tofizopamy, medazepamy we başgalary getirse bolar we şonuň bilen birlikde-de olaryň gündizlerine ulanylmagy has oňaýly bolýar (gündizki trankwilizatorlar diýilýär).

Anksiolitikleriň täsiri emosional reaksiýalaryň ýerine ýetirilmeginiň degişli bolan beýni düzümleriniň beýni gabygy bilen özara täsirliliginiň togtadylmagyna jogapkär bolan beýniniň gabykasty (limbiki ulgam, talamus, gipotalamus) bölümleriniň göçgünliliginiň peseldilmeginiň, şeýle-de polisinaptiki oňurga (spinal) reflektsleriň peseldilmeginiň hasabyna ýüze çykýar.

Benzodiazepinleriň täsiriniň mehanizmi olaryň ýörite benzodiazepin reseptorlar (şol reseptorlaryň agonisti – goraýjylary bolup) postsinaptiki GAMK-yň beýniniň limbiki ulgamyndaky, talamusdaky hem gipotalamusdaky, beýni sütüniniň ýokary gidýän işjeňleşdiriji retikulýar formasiýasyndaky we oňurga beýniniň gapdalky şahalarynyň oturdylan neýronlaryndaky postsinaptiki GAMK-yň reseptor kompleksiniň düzümine girýänleri bilen özara täsirliligi bar. Ol bolsa sitoplazmatiki membrananyň kanallaryna hlor ionlarynyň girizilmegini ýeňilleşdirýän açylyp-ýapylyp durmasyny tizleşdirýär. Şonuň netijesinde-de GAMK-yň togtadyjy täsiri güýçlenip, MNU-nyň degişli bolan bölümlerine neýronara geçirijilik peselýär, ýatyrylýar.

Benzodiazepinler newrotiki we howsalaly bozulmalarda, dowula düşmede, beýni şikesinden soňky döreýän stresli reaksiýalarda, nerw dartgynlygynda, psihosomatiki kesellerde döreýän howsala salýan ýagdaýlarda, içki agzalaryň kesellerine utgaşýan psihonewrologiki ýagdaýlarda, somatoform bozulmalarda, endogen psihozlardaky howsalaly sindromda, bejergide, şeýle-de goldaýjy serişde hökmünde ulanylýar: myşsalaryň spazmynda, rigidliliginde kontrakturalarda (bogunlaryň

hereketlenmesiniň çäklendirilmegi), ýa-da giperkinezlerde (hereketleriň güýçlenmesi), eklampsiýada (göwrelileriň giçki zäherlenmesi), bürmek (ýiti ýokanç kesel) we myşşalaryň dartgynlaşmasy bilen geçýän ýagdaýlaryň ähli görnüşlerinde bellenilýär. Bu dermanlary hereketlenmeli howsalalanmada, göçgünlilikde, güýçli howsala düşülmede, arakhorlykdaky abstinensiýada we deliriý ýagdaýlarynda, dürli sebäplere görä döreýän uky bozulmalarynda, premedikasiýa we narkoz üçin ulanyp bolýar. Käte olar wagtyndan öň başlanýan çaga dogrulmasy we myşsalaryň dartgynlaşmasy sebäpli bolýan çagany wagtyndan öň dogurma howpunyň döremeginde (diňe göwrelilik döwrüniň soňky üçden biriniň ahyrynda döremegi), çaga dogrulmasynyň ýeňilleşdirilmeginde, çaga ýoldaşynyň wagtyndan öň gopmagynda, çagalardaky newrotiki bozulmalarda, garaguşagyry statusynda peýdalanylýar.

Howsalaly bozulmalaryň bejerilmegi üçin benzodiazepinleriň möçberiniň ýuwaş-ýuwaşdan köpeldilme usulyndan ugur alynmalydyr, ýagny täsir ediji iň aşaky möçberinden tä bejergi täsirini gowy ýetirýänine ýetilinçä bellenilmelidir. Öwrendekliligiň hem dermana garaşly bolma howpunyň barlygy sebäpli geçirilýän bejerginiň dowamlylygy mümkin boldugyndan gysgarak bolmaly (2-4 hepde). Şondan soňraky bejerginiň geçirilme ýagdaýynyň kesgitlenme kararyna gelinmegi üçin näsagyň saglyk ýagdaýynyň täzeden gaýtalanylyp bahalandyrylmagy gerekdir. Eger-de bejerginiň uzak wagtlap geçirilme zerurlygy ýüze çykanda, bejergi geçirilmegini birnäçe günüň dowamynda kesip, soňra dermanyň öňki berilýän möçberini belläp başlamalydyr. Bejerginiň arasy kesilende derman bermäni birden kesmeli däldir, çünki şeýle edilende dermandan kesilme diýilýän alamatlaryň döremegi mümkin.

Anksiolitikleriň berilmegine garşy görkezilýän sebäpler: dermana bolan uçursyz ýokary duýgurlyk, bagryň we böwrekleriň işleýşiniň agyr görnüşdäki bozulmalary, miasteniýa, porfiriýa, glaukoma, ýüregiň hem öýkenleriň işleýşindäki agyr görnüşli kemislik, ataksiýa, suisidal (öz janyňa kast etmä ýykgyn etdirýän) meýil, narkotiki ýa-da meýli içgilere bolan garaşlylyk (ýiti abstinet sindromdan özgeleri).

Anksiolitikleriň göwrelilik (aýratyn-da şonuň ilkinji üç aýlyk döwründe) we çaga emdirilýän döwürde ulanylmagyndan gaça durulmalydyr, çünki şol dermanlar çaga ýoldaşynyň üstünden geçip, onuň bedenine ýetirilýär, şeýle-de göwüsdäki süýde hem garylýar. Göwreliligiň ilkinji üç aýlygynda benzodiazepinleriň (hlordiazepoksid we diazepam) çagalarda dogabitdi kemislikleri döredýänligi baradaky maglumatlar hem bar. Göwrelilik döwründe benzodiazepinleriň uzak wagtlap ulanylmagy, şol sanda-da göwreliligiň ahyrlarynda täze bolan bäbekde oňa bolan fiziki garaşlylygyň hem-de dermandan kesilme alamatlarynyň döremegine getirme ähtimallygy hem ýokary bolýar.

Anksiolitikleriň kabul edilmeginde ýüze çykýan goşmaça täsirler: MNU-nyň işiniň bökdelmegi, şol sanda-da gündizlerine uklaganlygyň, başaýlanmanyň, ataksiýanyň (hereketleriň ugrukdyryp bilnişiniň bozulmasy), lellimden gowşak-

lygyň, myşsalaryň gowşap ysgynsyzlygyň döremegi, emosiýalaryň kütelmegi, kelle agyry ýaly alamatlardyr. Psihomotor reaksiýalaryň tizliginiň peselmegi bilen baglylykda, ünsüň dykgatlanyp jemlenip bilmezliginde, işiňde psihiki we fiziki reaksiýalaryň tiz döredilmegini, şeýle-de ünsüň dykgatlanmagynyň ýokarylygyny (awtoulaglary sürüjiler we başg.) talap edýän näsaglar anksiolitikleri örän seresaplyk bilen ulanmaly.

Benzodiazepinleriň hataryna girýän anksiolitikler ulanylanda paradoksal (adaty däl, geň) reaksiýalar hereketlenme göçgünligi, ynjyklyk, oňuşmazlyk, hatda topulybermek, özüni alyp barşynyň adaty ýagdaýlara bap gelmezligi, howsalanyň güýçlenmegi, gallýusinasiýalar we başga alamatlar bilen häsiýetlenip geçýän ýagdaýlaryň döremegi mümkindir. Köplenç halatda, paradoksal ýagdaýlar çagalarda, ýaşy bir çene baran goja näsaglarda, meýli içgiler agdyk ulanylanda, neşe serişdeleri kabul edilende we MNU-nyň işewürligini bökdäp peseldýän beýleki serişdeler ulanylanda döreýär. Paradoksal ýagdaý dörände dermanyň ulanylmagy bada-bat, haýal edilmän kesilmelidir.

**Uky tutduryjy we köşeşdiriji serişdeler (gipnotikler).** Köşeşdiriji – gipnotiki serişdeler hökmünde hereketlenmeleri peseldip, ýatyrýan, MNU-da neýronlara sinaptiki geçirijiligi togtadýan serişdeler ulanylýar. Şu topara girýän dermanlar köşeşdiriji we uky tutdurýan serişdeler hökmünde psihiatriki, newrologiki, somatiki keselleri bejerişiň geçirilmegindäki işlerde giňişleýin ulanylýar.

Fiziologiki ukynyň bozulmalary dürli görnüşli psihopatologiki we newrologiki ýagdaýlarda, psihozlarda uçursyz giň ýaýrandyr. Şu bozulmalar ukynyň adaty düzüminiň dürli taraplaryna: irkilip uklamanyň kynlaşmagyna, gijelerine oýanylmagyna, ukynyň dowamlylygynyň gysgaldylmagyna degişlidir. Häzirkizaman neýrofiziologiki ylmy garýyşlara laýyklykda uka gidilmek we oýanmak beýniniň gipnogen düzümleri bilen aktiwirleýji retikulýar formasiýanyň özara täsirleriniň netijesinde bolup geçýär, ol bolsa patologiýalarda uky gurluşynyň bozulmagyny öňünden kesgitleýär diýlip bellenýär.

Soňky ýyllarda uky tutduryjy serişdeleriň sany ummasyz köpelip, olar hem benzodiazepinlerden öndürilen, barbitur kislotasyndan, alifatiki birleşmelerinden, piperidinden öndürilen (glutetmid), siklopirrolondan (zopiklon we ş.m.) öndürilenler arkaly häsiýetlendirilip bilner.

Barbituratlar klasyndan bolan uky tutduryjy serişdeleriň aýratynlygy, olaryň MNU-na narkotiki, benzodiazepinleriň – köşeşdiriji – anksiolitiki täsirleri ýetirmegi bolup, olar hem kliniki ulanylyşynyň görkezmelerini kesgitleýär. Barbituratlaryň, şeýle-de benzodiazepinleriň neýrohimiki täsiri ýetirişinde esasy roly olaryň GAMK reseptor kompleksiniň postsinaptiki membranalary bilen özara täsirliligi oýnap, şol hem membrananyň hlor-ionlaryň geçirijiliginiň ýokarlanmagyna getirip, neýronlaryň işjeňligini togtadýar. Barbituratlaryň ençeme ýaramaz goşmaça täsiriniň bolmagy bilen baglylykda, meselem, uky düzüminiň özgermegi, dem

alyş merkeziniň hem kardiorespirator ulgamynyň işleýşiniň peseldilip agyr hala getirilmegi, garaşlylygyň döremegi, bagryň mikrosomal fermentleriniň induksiýasy sebäpli häzirki wagtda olar iş ýüzünde ulanylmaýar. Olaryň deregine gelen dermanlaryň esasylary uky tutduryjylygy ýokary bolan anksiolitiklerdir ýa-da başgaça aýdylanda gipnotiklerdir. Häzirki wagtda uky tutduryjylar hökmünde has giňişleýin ýaýran serişdeler aramlygrak täsiri ýetirýän (nitrazepam, fenazepam) we uzaklaýyn täsir edýän diazepamdyr.

Has ynamly bolup uzak ulanyljak uky tutduryjy serişdeler siklopirrolonyň önümleridir (imowan we zimowan). Şolaryň uky tutduryjy täsirini ýetirmeginiň mehanizmi gipnogen düzümleriniň işjeňliginiň güýçlenmegi bilen baglanyşykly bolan GAMK-ergiki ulgamyň işjeňliginiň ýokarlanmagy arkaly geçýär. Şu dermanlaryň ähmiýetiniň hem täsiriniň ýokarylygy edil benzodiazepinleriňki ýalydyr. Olaryň beýlekilere garanyňda az mukdarda ulanylanda terapewtiki tasiri ýokarydyr we zäherleýji täsiri pesdir.

Sedatiw (köşeşdiriji) derman serişdeleri diýlip juda ynjyklygy peseldýän dermanlara aýdylýar. Ýokary täsirli häzirkizaman trankwilizatorlary bilen deňeşdirilende, sedatiw dermanlar köşeşdiriji we gorkynyň garşysyna gönükdirilen täsiri pes derejede ýetirýär. Ýöne olaryň miorelaksasiýany, ataksiýany, uklaganlygy, fiziki we psihiki garaşlylyk ýagdaýlaryny döretmeýänligi üçin ambulator şertlerdäki bejergide giňden ulanylýar.

Köşeşdiriji derman serişdelerine tebigaty dürli görnüşdäki bolan himiki dermanlar girýär. Köşeşdiriji derman serişdeleri hökmünde barbiturat we gaýry uky tutduryjy dermanlar has ýygjam ulanylyp, olar beýleki neýrotrop derman serişdeleri bilen utgaşdyrylyp berilýär. Köşeşdiriji derman serişdeleri hökmünde göçgünligi aramlyk peseldiji täsiri ýetirýän uky tutduryjy derman serişdeleriniň bir gezek berilýän möçberiniň 1/10 – 1/5 bölegine barabar bolany berilýän uky tutduryjy derman serişdeleriniň az mukdary ulanylýar.

Uky tutduryjy derman serişdeleriniň köşeşdiriji möçberiniň ulanylmagy uky getirmän, işe ýarawlyga bolan ukyby bozman, ukynyň fazasynyň bozulman saklanylmagyna-da oňaýly täsir edýär.

Köseşdiriji serişdeler hökmünde, aýratyn-da aramlyk, newrotiki ýagdaýlarda pişikotunyň (waleriançanyň) we gaýry derman ösümlikleriň – şirguýrugyň, passifloranyň, bromidleriň, simpato- we holinolitikleriň dermanlary-da giňden ulanylýar.

MNU-da togtadyjy hadysany güýçlendirip, göçgünliligi bilen şu toparyň serişdeleri merkezi we wegetatiw nerw ulgamlarynyň işine kadalaşdyryjy täsiri ýetirýär. Şeýle-de olar uky tutduryjy, analgetik we gaýry neýrotropiki köşeşdiriji derman serişdeleriniň täsir edişini güýçlendirýär. Olar gönümel uky tutduryjy täsiri ýetirmeýän hem bolsa, tebigy ukynyň döremegini ýeňilleşdirip, ony çuňlaşdyryp bilýär.

Dörän kliniki ýagdaýa baglylykda köşeşdiriji hem uky tutduryjy serişdeler hökmünde antigistamin dermanlary (H-blokatorlar, benzodiazepin gurluşly bolmadyk, käbir trankwilizatorlar (trazidon we başg) we ş.m. ulanylyp bilner.

**Normotimiki serişdeler (normotimikler).** Normotimikler toparyna olaryň kliniko-farmakologiki täsirini affektiw gurşawyň bozulmalaryna ýetirmegi birleşdirýär. Şonuň netijesinde-de maniakal ýagdaýly we depressiýaly näsaglaryň üýtgäp duragan keýpi «sazlaşdyrylyp» düzedilýär. Şu toparyň dermanlary affektiw bozulmalary, seýle-de şizofreniýaly, maniakal – depressiw psihozly, şahsy bozulmaly näsaglarda we başg. keseliň beterlemesiniň öňüniň alynmagy üçin ulanylýar. Normotimiklere litiýniň duzlary (karbonat, glýukonat, sulfat, oksibutirat we başgalar), karbamazepin, walproiw kislotasynyň önümleri (natriýniň wolproaty), kalsiý kanallarynyň blokatorlary (werapamil, nifedipin we başgalar) goşulýar.

Bu dermanlaryň ençemesi, kliniko-farmakologiki işjeňligiň giň diapazonyna eýe bolup, lukmançylygyň dürli pudaklarynda üstünlikli ulanylýar. Litiý duzunyň dermanlarynda, aýratyn-da, bedenden haýal çykarylýan görnüşlerinde farmakokinetiki parametrleri ep-esli derejede tapawutlanýanlygy subut edildi. Muňa garamazdan, beýleki psihotrop serişdeler bilen deňeşdirilende litiý duzlarynyň farmakokinetikasy ýeterlik durumlylyk bilen tapawutlanyp, onuň esasy tarapy dermanyň möçberi, onuň gandaky konsentrasiýasy (toplanşynyň möçberi) we kliniki-terapewtiki täsiri bilen arabaglanyşygynyň düzediji täsiri ýetirmegidir. Şol sebäpli litiý dermanlarynyň möçberleri onuň gandaky saklanýan möçberiniň kesgitlenilmeginiň ýa-da keseliň kliniki keşbiniň esaslarynda alnyp bellenilýär.

**Psihostimulýatorlar (psihotonikler).** Psihostimulýatorlar beýniniň işleýşine tijendiriji täsiri ýetirmäge ukyply bolup, psihiki hem fiziki işleri işjeňleşdirme bilen fiziki çydamlylygy, aň işini ýokarlandyrýar. Psihostimulýatorlaryň hataryna belli bir derejede ekstremal şertlerde (süňňe uly agram salynma ýaly agyr ýagdaýlara uçran) galan näsaglara täsir edýänliginiň esasynda, käbir neýrometaboliki stimulýatorlary goşsa bolar. Şeýle serişdeleri aktoprotektorlar diýip hem atlandyrýarlar, olara antigipoksiki işjeňligi ýokary bolup, beýniniň energetiki çalşygyna täsir edýan maddalar girizilýär. Şu toparyň dermanlary fiziki hem psihiki ýadawlygyň gipoksiki mehanizmine täsir edýänliginiň hasabyna asteniki bozulmalaryň bejergisi geçirilende has ýokary täsiri ýetirýär.

Psihostimulirleýji mehanizminiň täsiriniň esasynda merkezi simpatomimetiki täsir ýatyr. Ol presinaptiki depodan endogen kateholaminleriň köp çykarylmagy, mediatoryň gaýtadan yzyna sorulmasynyň ýatyrylmagy we onuň konsentrasiýasynyň sinaptiki yşda köpelmesi, postsinaptiki adrenoreseptorlara gönümel täsir etmesi, MAO-nyň togtamagy bilen şertlendirilendir. Psihostimulýatorlara fenilalkilaminden (amfetaminden), fenilalkilsidnoniminden (mezokarb, fepronon, sidnofen, sidnokarb), metilksantinden (kofein) alnanlary hem goşýarlar.

Psihiatriki işde şu toparyň dermanlaryndan mezokarb (psihostimulýator) we etiltiobenzimidazol) gidrobromidi (aktoprotektor) has ýygjam ulanylýanlarydyr. Häzirki wagtda has seýrek ulanylýan psihostimulýator (himiki düzümine we täsir edişiniň häsiýetine görä mezokarba ýakyn bolup, şondan «güýçli» psihostimulirleýji täsiri ýetirmegi we az-owlak bildirip ýüze çykýan antidepressiw täsiri bilen tapawutlanýan) fepronondyr.

Metaboliki täsiri ýetiriji, geljekde-de ulanylmagyna gözlegleriň geçirilmegi MNU-ny stimulirleýji (tijendiriji) hökmünde MNU-ny aktoprotektorlar – farmakologiki klasa girýän toparyň işewürliginiň güýçlendirilmegi üçin ilkinji teklip edilen spesifiki farmakologiki häsiýetlere eýe bolanlarynyň ulanylmagyna mümkinçilik döretdi.

**Neýrometaboliki stimulýatorlar.** BDSGG-yň (Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň) kesgitlemegine görä, neýrotrop dermanlar – okadylmaga gönümel aktiwizirleýji täsiri ýetirip, huşy, ýatkeşligi we akyl işini gowulandyrýan, şeýle-de beýniniň ýaramaz täsir edýän zatlara garşy durup bilmesini güýçlendirýän dermanlardyr.

Şu toparyň esasy dermanlary Pirasetam we şoňa meňzeş bolan birnäçe (nootropil, piramem, pirabene, anirasetam, etirasetam, oksirasetam we başg.) derman serişdeleridir. Şeýle-de, şu topara Piriditol (ensefabol) we gamma – aminoýag kislotaly (GAMK) – Aminalon (gammalon), Pikamilon, Natriniň oksibutiraty, Pantogam, Fenibut, aminokislota dermanlarynyň hatary – Kogitum, gormonal işjeňligi ýok edilen – Semaks, sitokolin ýalylar girizilýär.

Nootroplaryň täsiriniň has möhüm görnüşde ýüze çykyşy, onuň ýatkeşligi işjeňleşdirip, okamaga bolan ukybyň ýokarlanmagyna, ýatkeşligiň dikeldilmegine getirmegidir (antiamnestik täsir). Olar belli bir derejede merkezi neýronlarda göçgünliligi tijendirip, beýniniň ýarymşarlarynda maglumatlaryň geçirilmegini ýeňilleşdirýärler, beýniniň energetiki proseslerini we gan bilen üpjün edilişini gowulandyrýarlar. Nootroplara häsiýetli bolan alamatlaryň biri hem olaryň antigipoksiki işjeňligidir. Dokumalaryň kisloroda bolan mätäçliginidir talabyny peseltmek we bedeniň gipoksiýa bolan durnuklylygyny ýokarlandyrmak nootroplaryň ählisine-de häsiýetlidir. Nootrop serişdeleriň täsir edişiniň mehanizmi ýeterlik derejede öwrenilmänliginde galýar. Pirasetam özüniň himiki düzülişine görä GAMK-a meňzeş bolup, oňa bu aminokislotanyň önümi hökmünde seredip bolar. GAMK bolsa merkezi togtadyjy neýromediatorlaryň esasylarynyň biridir. Emma pirasetam bedende GAMK-a öwrülmeýär, ol ulanylandan soň beýnide saklanylýan GAMK-yň mukdary köpelmeýär. Ýöne pirasetamyň uly möçberleri ulanylanda ýa-da gaýta-gaýta berlende, ol ýagdaý GAMK-ergiki togtadyjy prosesleri güýçlendiribem bilýär.

Nootroplaryň käbirisi beýnide saklanylýan serotoniniň mukdaryny köpeldýär. Nootroplaryň täsir ediş mehanizminde aýratyn möhüm bolan zat, onuň nerw öýjüklerinde metaboliki we bioenergetiki proseslere täsir etmegidir: proteinleriň we RNK-

nyň işlenilip çykarylmagynyň işjeňleşdirilmegi, glýukozanyň utilizasiýasynyň (galyndylary gaýtadan işläp ulanmak, zyýansyzlandyrmak) gowulandyrylmagy, adenozintrifosfatyň işlenilip çykarylmagynyň güýçlendirilmegi, antigipoksiki (kislorod ýetmezçiliginiň garşysyna gönükdirilen) we membranostabilizirleýji we gaýry täsirleri ýetirmegidir.

**Sudoroglara garşy serişdeler (antikonwulsantlar).** Myşsalaryň sudoroglaryna garşy gönükdirilen (garaguşagyra garşy bolan dermanlar) diýlip muskullaryň sudoroglarynyň döremeginiň öňüni alýan ýa-da şoňa degişli bolan ekwiwalentleriň (huşuň ýitirilmegi ýa-da huşuň bozulmalary, özüni alyp barşynyň bozulmalary ýa-da wegetatiw bozulmalar we ş.m.) garşysyna ulanylýan derman serişdelerine aýdylýar. Şeýle ýagdaýlar garaguşagyrynyň dürli kliniki görnüşlerinde ýüze çykýar. Şu serişdeler diňe bir garaguşagyry keseliniň bejerilmeginde ulanylman, eýsem garaguşagyry bolmadyk paroksizmlerde-de (aljyraňňylyk bilen howsala düşülende), keýpiň üýtgäp özgerip durmagynda (bipolýar bozulmalar), şeýle-de hereketlerini gözegçiliginde saklap bilmän dürli, şol sanda howply hereketlere ýüz urýan şahslarda, duýgulary göçgünlenenlerde (disforiýalarda, impulsiw – duýdansyz zatlary edýänlerde-de, özüne şikes salma ýykgyn edýänlerde-de) ulanylýar.

Derman serişdeleriniň farmakologiki häsiýetine baglylykda garaguşagyrynyň dürli görnüşlerinde terapewtiki işjeňlik görkezişiniň esasynda myşsalaryň sudoroglaryna garşy gönükdirilen dermanlaryň, şol sanda barbituratlaryň, benzodiazepin trankwilizatorlaryň, köşeşdiriji serişdeleriň orta ýa-da az möçberlerinden peýdalanylýar. Garaguşagyry tutgaýlarynyň öňüni almaga ýa-da olary gowşadyp peseltmäge merkezi miorelaksantlar we kuraremeňzeş serişdeler hem getirip biler. Şol bir wagtda-da häzir garaguşagyry tutgaýlarynyň dürli görnüşlerine saýlap-seçip täsir etmä ukyply dermanlar bolup, olar MNU-nyň işine peseldiji täsiri ýetirmän, uky tutdurylmagyna-da getirmeýärler.

Garaguşagyry tutgaýlaryna garşy täsir edýän dermanlaryň arasynda şeýle görnüşleri bar: fenotoin (difenin), fenobarbital (lýuminal), karbamazepin (finlepsin, tegritol), etosuksimid, walproý kislotasy we onuň duzlary, morfolep, lamotrijin, klonazepam, diazepam. Geçirilen barlaglaryň aglabasynyň berýän maglumatlaryna görä, garaguşagyry keseliniň dürli görnüşleriniň bejerilmeginde ulanylmaly derman serişdeleriniň çak edilip, ugur alynmasy üçin şeýle yzygiderlik teklip edilýär: uly tutgaýlaryň ýatyrylmagy üçin birinji hatara girizilýän serişdeler fenitoin we natriýniň walproaty, ikinji hatara girizilýän serişdeler karbamazepin we fenobarbitaldyr, şeýle-de düzülişi boýunça fenobarbitala ýakyn bolan primidon (geksamidin) we benzonal ýeterlik derejede täsirlidirler; myşsalaryň sudoroglary bilen geçýän kiçi tutgaýlarda birinji hatara girizilýän serişdeler etosuksimid, ikinji hatara girýäni – natriýniň walproaty, klonazepam ýa-da klobazam trankwilizatordyr: miokloniki tutgaýlarda natriý wolproatynyň, klonazepamyň, klobazamyň ulanylmagy teklip

edilýär. Statusda – garaguşagyry tutgaýlarynyň üznüksiz tutmagynda diazepamyň, difeniniň, fenobarbitalyň ulanylmagy teklip edilýär.

Tutgaýlara garşy täsir edip utgaşdyrylan oňaýly psihotrop täsiri ýetirýän, özem seýrek duş gelýän üýtgeşik derman karbamazepin bolup, ol emosional dartgynlygy peseldip disforiýany aýyrýar, ýatkeşlik proseslerini işjeňleşdirip ýiteldýär, umuman alanyňda, garaguşagyryly näsaglaryň sosial hem professional ukyplaryny dikeldýär. Şu derman bilen geçirilýän bejergide seýrek halatlarda gaýraüzülme hökmünde ýüze cykýan «tegretol psihozlary» diýilýäni bolup, olaryň kliniki keşbi şizofreniýa çalymdaş delirioz – oneýroid ýagdaýlar, eşidiş gallýusinasiýalary bilen häsiýetlenýär.

Garaguşagyrynyň kliniki görnüşlilerindäki aglaba kiçi tutgaýlar, absanslar, psihiki ekwiwalentler bilen ýüze çykyp bildirýänlerine etosuksimidden başga-da gowy bejergi täsirini ýetirýärler. Morsuksimid (morfolep), oksazolidindionyň trimetadiondan (trimetin) öndürilýänleri şeýle häsiýetlidir. Trimetin bilen bejergi geçirilende garaguşagyrynyň uly tutgaýlarynyň döredilmeginiň ähtimallygy bolup, ol toplumlaýyn geçirilýän bejergä fenobarbitalyň goşulmagyny talap edýär.

Garaguşagyrynyň garşysyna gönükdirilen serişdeleriň üznüksiz uzak wagtlap ulanylýanlygyny göz öňünde tutup, olaryň göterilip bilnişine üns bermelidir. Şol dermanlaryň ýetirýän goşmaça täsiriniň esasylary allergiki, toksiki we ýakymsyz metaboliki reaksiýalardyr. Käbir ýagdaýlarda farmakoterapiýanyň ýerlikli hem göwnejaý geçirilmezliginde tutgaýlaryň beterläp ýygjamlaşmagy, näsagyň psihiki ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy mümkindir we ol derman berilmesiniň haýal etmän kesilip, başga derman bilen çalşyrylmagyny talap edýän ýagdaýdyr. Toksiki reaksiýalar (psihopatologiki hem newrologiki sindromlar, leýkopeniýa we gaýry gematologiki bozulmalar), köplenç halatda, ýerlikli gözegçilik edilmezden tutgaýlaryň garşysyna gönükdirilen dermanlaryň uzak wagtyň dowamynda ulanylmagyna duş gelip, şonda berilýän dermanyň möçberi ýuwaş-ýuwaşdan azaldylyp degişli bolan dezintoksikasion bejerginiň geçirilmegi zerurdyr. Metaboliki we endokrin bozulmalar, metaboliki anemiýada berilýän dermanyň haýal edilmän kesilmegini talap edýär.

**Elektrosudorog bejergisi.** Elektrosudorog bejergisiniň geçirilmegine görkezmeler bolup, katatoniýalar we katatono-paranoid ýagdaýlar, depressiýalar we depressiw-paranoid sindromlary, durnukly gallýusinator paranoid we obsessiw-kompulsiw bozulmalary, köplenç halatda olaryň şizofreniýanyň we affektiw bozulmalaryň çäklerinde bolup geçýänleri hyzmat edýär. Şonuň geçirilmeginiň bolmaýanlygyna: agyr somatiki (süňňi) keseller, ýürek urşunyň kadasynyň bozulmagy, döwülen süňkleriň gowy sepleşdirilip birikmedikleri, agyr kelleçanak beýni şikesleri, çagalyk we ýetginjeklik ýaşlary hyzmat edýär. Ýöne şeýle-de bolsa, zyýanly bolan duýgurlygyň neýroleptiki sindromda, parkinsonizmde we neýrolep-

tiklere bolan çydamlylygyň peselen halatynda bejerginiň gowy täsir edýänligi baradaky maglumatlar hem ýok däl.

Elektrosudorog geçirme bejergisine başlanmazdan ozal terapewt hem newropatolog bilen maslahatlaşmak, EKG-iň, EEG-iň geçirilmegi hökmanydyr. Elektrosudorog geçirme täsir ýetirilişini ozallar şizofreniýa bilen garaguşagyry keseliniň biri-birlerine garşylygy, şol sebäpli-de garaguşagyry tutgaýynyň şizofreniýanyň öndürijilikli alamatlarynyň gysylyp çykarylmagyna ýardam etmegi bilen düşündirilýärdi. Soňra birnäçe gipotezalar döredi: a) tutgaýyň endotoksinleriň bölünip çykarylmagyna ýardam etmegi; b) elektrosudorog bejergisi geçirilende islendik komadan ýa-da huş ýitirmeden soň bolşy ýaly «ikinji gezek dogulmanyň» modeliniň döremegi; ç) elektrosudorog geçirme bejergisi geçirilende psihikanyň has irki ösüşiniň tapgyrlaryna meňzeş bolan psihozy öndürýän regressiýanyň döremegi; d) elektriki razrýadlar bolup geçende elektrodlaryň aralyklaryndaky düzümleriň gysga wagtlyk işleýşiniň ýatyrylmasy geçip, beýniniň täze engrammlarynyň bolsa sagalma ýardam etmegi. Elektrosudorog bejergisiniň ortaça hasapdan 6-8 seansy geçirilýär, kähalatlarda bolsa olaryň 10-15 seansy hem geçirilip, olaryň arasyna bir-iki gün salynýar. Haçan-da, elektrosudorog bejergisinde narkozyň hem miorelaksantlaryň täsir etmeginde tutuşlaşdyrylan toniko-kloniki tutgaý we şolaryň ekwiwalentleri döredilse, bejergi seansy üstünlikli geçirildi diýlip hasaplanýar. Bejergi geçiriliş tehnikasy belli bir görnüşdäki impulslary berýär we woltažynyň we dowamlylygynyň häsiýetli bolan razrýadlary berip bilýän apparatyň görnüşine bagly bolýar. Tutgaý dörediji woltažyň aramlygy 0,1 ekpozisiýada 90-100 wolta çenli, impuls apparatlarynyňky bolsa 80-120 impulsa ýetýär. Toga bolan duýgurlyk güýçli özgerip üýtgäp duragan bolýar, ol näsagyň jynsyna we haýsy millete degişliligine, kelleçanagynyň gurluşyna, hatda töwerekdäki howanyň çyglygyna-da bagly bolýar. Adatça, premedikasiýa (derman serişdeleriniň öňünden berilmesi) seansyň geçirilmegine girişilmezinden 20 minut ozal 0,5%-li atropiniň 1 ml deriastyna goýberilmegi elektrodlaryň goýulşynyň mono we bilateral ýerleşdirilme usullary bar. Bolup geçen tutgaýly ýagdaý näsagyň ýadynda ýaramaz ýatlamalary galdyrmaýar. Öňler, elektrosudorog arkaly bejergi geçirilende tutgaýlar bilen bagly bolan şikesler esasy çylşyrymlaşmalaryň biri hasaplanýardy. Şol çylşyrymlaşmalar iş ýüzünde miorelaksantlaryň ulanylyp başlanmagy bilen ýok bolup gitdi. Häzirki wagtda howp salýan zatlar ýürek urşunyň kadasynyň bozulmagy, demiň tutulmagydyr. Näsaglaryň birnäçesi seans geçirilenden soň ýatda saklap bilme ukybynyň az wagtlyk ýaramazlaşýanlygyna şikaýat edýärler. Ýöne şol şikaýatlar ilkinji günler tutgaý tutanyndan soň ýüze çykyp, soňra gaýtalanman we hiç bir ýaramaz yz galdyrman aýrylyp gidýär.

**Insulinoterapiýa.** Şu bejerginiň geçirilmegi üçin esasy görkezmeler: paranoid şizofreniýasynda öndürijilikli we wegetatiw alamatlaryň äşgär ýüze cykyp bildirmeleri, şizofreniýanyň ýönekeý formasy, neşekeşlik. Usulyň amala aşyrmany göz

öňüne tutýan çäreleri gipoglikemiki komanyň döredilmegi üçin insulini sanjym arkaly bedene goýberilmegi we 10-20 minutdan soň damara glýukoza ergininiň goýberilmegi arkaly onuň täsiriniň ýatyrylmagydyr. Näsag aýňalyp özüne gelenden soň oňa köp mukdarda içilýän süýji zatlar, şeýle hem komanyň gaýtalanmazlygy üçin gowy naharlar berilýär. Taýynlanylyş tapgyrynda insuliniň deriastyna sançma arkaly goýberilmeginiň ýörite usuly bolup, ulanylýan mukdara ýuwaş-ýuwaşdan ýetilip, uzak wagta çekýäni (kähalatlarda birnäçe hepdä çekýän), şeýle-de näsaglaryň käbirinde şeýle ýagdaýa tiz ýetilmegi üçin damjalaýyn görnüşde damara goýberilip, netijesine ilkinji seansda ýetilýän usuly-da bar. Psihozyň aýrylmagy üçin, adatça, komalaryň 8-12 seansynyň (ýöne 20 seansdan köp bolmaly däl) geçirilmegi zerur bolýar. Usulyň getirýän çylşyrymlaşmalary gipoglikemiki ýagdaýdaky garaguşagyra çalymdaş tutgaýlaryň döremegi, komanyň uzaga çekýäniniň ýüze çykmagy, komatoz ýagdaýlaryň gaýtalanmagydyr. Çylsyrymlaşmalaryň döreme howpy mukdaryň ýuwaş-ýuwaşdan saýlanylyp alynmagynda ekspres usuldaka (tiz geçirilýänine) garanyňda ýoňsuz derejede pes bolýar. Gipoglikemiýanyň wagtyndan öň ýatyrylyp doly täsir etme derejesine ýetirilmezligi insuliniň täsiri ýetiräýjek hem howpsuz mukdarynyň saýlanyp alynmagyna päsgelçilik döredýär. Insuliniň täsiriniň uzaklaşdyrlan görnüşleriniň ulanylmasyna bolsa asla ýol bermeli däldir. Insulin komalarynyň neýroleptiki serişdeler bilen utgaşdyrylyp geçirilme mümkinçiliginiň, şeýle-de garagusagyry tutgaýyna ähtimallygynyň öňüniň alynmagy üçin fenobarbitalyň ulanylmagy ýaly sowallara hem seredilýär.

Insuliniň psihiki kesellerde bejeriş täsirini ýetirişiniň mehanizmi näbelli. Has gowy täsiri keseliň ilkinji ýiti tutgaýy ýatyrylanda we keseliň dowam edişiniň uzak bolmadyklarynda (3 ýyldan aňry geçmediklerinde) gazanylýar. Şeýle ýagdaýlarda keseliň gowulaşyp, beterleşmän saklanmagynyň 15 ýyla, hatda ondan-da gowrak wagta çekýänleri barada aýdylýar. Gowulaşman geçýän remissiýasyz bolan dowamly görnüşli, äşgär ýüze çykýan biparhlyk we sistematizleşdirilen paranoidli geçýän şizofreniýada şu usul peýdaly bolýar. Süýjüli diabet keselli hem-de çendenaşa dolmuşlyk şeýle bejerginiň geçirilmegini ret edýän ýagdaýlardyr.

Kähalatlarda neýroleptiklere bolan çydamlylygyň ýok edilmegi üçin insuliniň koma getirmeýän möçberi (6-8 HB) ulanylýar. Insuliniň uly bolmadyk mukdary alkogol abstinent sindromynyň kompleksleýin, newrotiki bozulmalaryň we nerw anoreksiýasynyň bejergileri geçirilende ulanylýar.

**Ukynyň depriwasiýasy (ukudan dyndarmak) we uzaga çekdirilýän uky bilen bejermek.** Depriwasiýa arkaly bejerginiň geçirilmegi antidepressantlary ulanmak bolmaýan näsaglarda ýa-da goşmaça täsiri ýetirýän serişde hökmünde antidepressantlar bilen bilelikde berlip geçirilýän depressiýaly näsaglaryň bejerilmeginde ulanylýar. Bir-iki gije-gündiziň dowamynda ukynyň düýbünden bolmazlygyna ýol berilýär. Şol döwürde näsaglary haýsydyr bir zatlar bilen güýmäp, göwnüni göterip, wagtyny kynçylyksyz ýagdaýda kösemän geçirmegine ýardam

edýärler. Eger-de näsag bir gije-gündizlik ukusyzlygy ejir çekip kynlyk bilen geçirýän bolsa, onda ukyny ýuwaş-ýuwaşdan kemeldip, her günde 3-4 sagat uklamak bilen geçirmek mümkindir (näsagy irden oýarýarlar). Bu usul adamlaryň toparynda we ýöriteleşdirilen klinikada geçirilende has-da täsirli bolýar. Depressiýada çylşyrymlaşmalar döremeýär. Paranoidli hem garaguşagyryly näsaglarda keseliň beterlemesine gabat gelinýän ýerleri-de bolýar.

Indiki tapgyrda barbituratlaryň, trankwilizatorlaryň berilmeginde ýa-da uky tutduryjy apparatlaryň we elektroukynyň, elektrogipnozyň kömegi bilen uzaklaýyn uky arkaly bejergi geçilmegem mümkindir. Depressiýalara azotyň zakisi (turşusy) bilen bejergi geçirilýär. Ähli tapgyrynda 6-8 seans geçirilýär. Narkotizasiýanyň derejesi narkozyň ilkinji tapgyryna bap getirilmelidir. Seanslaryň dowamlylygy 15-20 minuda çekmelidir.

**Mehanoterapiýa we güýmenjeli terapiýa.** Mehanoterapiýa indi könelip diňe taryhy ähmiýete eýe hem bolsa, onuň ýakymsyz alamatly şizofreniýada hem-de depressiýalarda, şeýle-de pyrlama we hallan atdyrma ýaly alamatlar bilen geçýän çaga autizminde gowy täsiri ýetirýänligini beýan edýän maglumatlar bar. Muny maňlaý-beýni aragatnaşyklary bilen baglanyşdyrýarlar. Şu emelleriň geçirilmeginden 10-15 minut soň motor trankwilizasiýasy (köşeşdirijiligi) ýüze çykýar. Bejergi usuly günde gaýtalanyp 10-14 gün dowam etdirilýär.

Güýmenjeli bejerginiň geçirilmegi birmeňzeşligine, döredijilikligine ýa-da hereketlenmä getirilme ýaly meseleleriň öňde goýulmagyna baglylykda amala aşyrylmasy kyn bolan ýagdaýa-da getirip biler. Sosioterapewtiki täsiri ýetirýän bu bejergi wagtyňy düşekde ýatyp geçirme düzgünini çalşyran bu bejergi usuly, zähmet çekdirme bejergisinden oýnuň elementlerini saklaýanlygy, gyzykly güýmenje berip rahat dynç almaga mümkinçilik döredýänligi bilen tapawutlanýar. Güýmenje arkaly geçirilýän bejergi deslapky iş endiklerini dikeltme, okamany gowylandyrma, näsagyň käri boýunça zähmet çekip bilme meselelerini asla öz öňünde goýmaýar.

Dürli şahsy gyzyklanmalaryň ýüze çykarylmagy, göwnüňe ýaraýan şahsy isleglerdir küýsegler bilen gyzyklanma ýaly bir zatdyr. Güýmenje arkaly geçirilýän bejerginiň şeýle görnüşleri tapawutlandyrylýar (W.M.Garnis): 1) ukybyňa laýyk bolan zatlar bilen meşgullanmak (aýdym-saz, edebiýat, surat cekme, nämedir bir zatlary heýkeltaraşkysmy palçykdan ýelmäp ýasama we başg.); 2) amaly sungat bilen meşgullanmak (öý-hojalygyny ýöretme baradaky gurnaglar, nahardyr-tagamlary bişirip taýynlama bilen meşgullanmak, geýim-gejimleri biçip tikmek, keşde çekmek we ş.m.); 3) wagtyňy hoş geçirip öwrenijilige ýykgyn etmek (kino, teatra barmak, syýahatlara gatnaşmak, agşamlaryna geçirilýän dynç alşa we tanslara gatnaşmak we başg.). Toparlara bölmegiň şeýle görnüşi şertlidir. Meselem, döredijilikdir sungat bilen meşgullanmany käbir awtorlar aýratyn geçirilýän bejergi görnüşine bölüp, ony artterapiýa diýip atlandyrýarlar. Meşgullanmalaryň käbirle-

rini medeni bejergi diýilýäne goşulsa has maksada laýyk bolar. Güýmenje bilen zähmet arkaly geçirilýän bejergileriň aratapawudy diýseň şertlidir.

Güýmenje arkaly geçirilýän bejerginiň psihopedagogiki ähmiýeti bolup, onuň sosioterapewtiki ähmiýeti bolsa näsaglaryň sosial işjeňlige getirilmesiniň tijendirilmegi bilen şertlendirilendir. Şeýle işjeňlik näsagy keseli baradaky agyr oý-pikirlere batmagyndan, janyny ýakmagyndan sowup halas edýär-de, ony tijendirip işjeňleşmegine, pikirleriniň sagdynlaşmagyna getirip, şahsyň sosial-zähmete bolan garaýyşlarynyň oňyn saklanyp dikelmegine köp derejede täsir eder. Şeýle ýol bilen näsagyň öz ukyplarynyň gerekli derejede saklanyp galanlygyna gözüni ýetirdip, öz-özüni bahalandyrmasynyň ýokarlanmagyna hem ýardam edýär.

**Psihohirurgiýa.** Psihohirurgiýa bilen psihiki bozulmalaryň bejergisiniň geçirilmegi berk tutulma arkaly çäklendirilýär we häzirki wagtda garaguşagyry keseliniň bejerilmeginde ulanylýar. Şol bejermä görkezmeler aşakda getirilen şertlerden ybaratdyr: a) kesel ojagynyň takyk ýerdeligi we goşmaça ojaklaryň bolmazlygy; b) şahsda özgermeleriň bolmazlygy; ç) bolmanda soňky üç ýylyň dowamynda tutgaýa garşy ulanylýan dermanlaryň peýdasyzlygy.

Psihohirurgiýadan Gentingtonyň horeýasynyň bejerilmeginde-de, meselem, talamiki düzümlere ýa-da solak şara kriogen görnüşli täsiriň ýetirilmeginde hem psihohirurgiýa ulanylýar.

Alsgeýmeriň keseli bejerilende likworoşuntirleme (ýagny aýlawly geçirilýän akabanyň goşmaçasynyň döredilmegi (kraniolimfatiki-kelleçanakiçre limfa akaryny, kraniofassial – kelleçanak ýüz akabasyny we kranioperitonial – kelleçanak garyn boşlugy akaba) ulanylýar. Şeýle görnüşli operasiýalar beýnide geçip duran köpsanly organiki proseslerde ulanylanda peýdaly bolýar. Embrional dokumanyň kelleçanak substansiýasyna geçirlip oturdylmagynyň Parkinsonyň keselinde gowy peýda berýänligi baradaky maglumatlar bar.

Psihohirurgiýanyň ýene bir usuly – lobotomiýa, ýagny bejerilip bolunmaýan agyr psihiki keseliň barlygy ýagdaýynda, köplenç halatda dowamly depressiýada we obsessiw kompulsiw bozulmalarda ulanylýar. Şonuň maniýalarda, şizofreniýada we özüni agressiw alyp baryşda peýda bermeýänligi nygtalýar. Psihofarmakologiki dermanlaryň lukmançylyga girizilmegi bilen lobotomiýadan peýdalanmak goýbolsun edildi. Çagalarda duş gelýän irki kraniostenozda neýrohirurgiki trepanasiýa operasiýalary edilip, kelle beýniniň ösmegine mümkinçilik döredilýär. Bu usul dogabitdi kemakyllygyň öňüni almaga gönükdirilendir.

**Gormonoterapiýa.** Alsgeýmeriň keseli bejerilende somatotropinden, depressiýalarda tireoid gormonlaryndan peýdalanylýar. Antidepressantlar ulanyp bolmajak näsaglarda, adatça, triýodtironinden ýa-da tiroksinden peýdalanylýar. Dermanyň aramlyk möçberleri 25-50 mg-a barabardyr. Garaguşagyry keseliniň bejerilmeginde bir gije-gündizde 1-20 birlik möçberde bolan AKTG ulanylýar, anoreksiýanyň bejergisi geçirilende bolsa anaboliki gormonlar (nerabol, retabolil)

ulanylýar. Gysgamöhletli huşuň tijendirilmegi we onuň abstinensiýasynyň bejergisinde her gije-gündizde 2,0 oksitosiniň berilmegi baradaky maglumatlaryň ýazylyp beýan edilenleri bar. Depressiýalar bejerilende epifizar gormony melatonin ulanylýar. Gipofizar ýetmezçiliginiň netijesinde döreýän kemakyllyklarda gipofiziň kompleksleýin gormonlary we somatotrop gormony ulanylýar.

**Piroterapiýa we kraniogipotermiýa.** Endamyň gyzgynlygynyň ýokarlanmagy hem peseldilmegi bedeniň reaktiwliliginiň ýokarlanmagyna mahsus bolmadyk täsiri ýetirip, şol abstinensiýalarda we käbir newrozlarda ulanylýar. Piroterapiýanyň geçirilmegi üçin sary kükürdiň şetdaly ýagyna garylan ergini -pirogenal ulanylýar. Häzirki wagtda piroterapiýa (pirogenal) arakhorlaryň abstinensiýaly ýagdaýynda seýrek halatlarda bolaýmasa ulanylmaýar.

Kraniogipotermiýa kelleçanak beýni şikesleri alanlarda hem arakhor näsaglaryň abstinent ýadaýynyň ýatyrylmagynda ulanylýar. Beýni gyzgynlygynyň 0,1 gradus aşak düşürilmesi endamyň gyzgynlygy 2 gradus pese düşürilende trankwilizatorlar berlip sowadyjy şlemiň ulanylmagynda gazanylýar.

**Berhiz saklama we witaminleriň agdyk berilmegi bilen geçirilýän bejergi.** Garaguşagyry keseli bejerilende suwuk zatlary az mukdarda ulanmak (her gije-gündizde suwuk zatlaryň iýilip-içilmeginiň 250 ml bilen çäklendirilmesinde), suw içilmesini azaltmak şerti bilen geçirilýär, şeýle-de naharlaryň duzsuz bolup, piwo maýasynyň E witamini bilen içilmegi ketogen berhiziniň saklanylmagynda geçirilýär, şu ýerde soňky getirilip görkezilen berhizde mal, az-owlak mukdarda ösümlik beloklarynyň, ýagly sygyr eti-ýagy (ketogen) bilen çalşyrylmagyny göz öňünde tutýar. Ketogeniň berilýän mukdary näsagyň ýaşyna bagly bolýar. Ýiti we turşy süýt iýmitleriniň tijendiriji täsir edýändigi sebäpli olaryň asteniki we ipohondriki ýagdaýlarda ulanylmagy maslahat berilýär. Howsalaly ýagdaýlarda bolsa, tersine, olaryň berilmegi gadagan edilýär. Abstinensiýa ýagdaýlarynda-da berhiz we içilen suwuk zatlaryň mukdaryna uly üns berilýär. Kemakyllyk bejerilende aýratyn-da beýnide atrofiki ýagdaýlar bolanda we çagalaryň akyl-huşy tijendirilende witaminleriň agdyk mukdaryny bellemek bilen bejergi geçirilýär. Şonda witaminleriň möçberiniň ($B_6$, $B_{12}$, $B_1$, C) gije-gündizlik talabyndan iki esse köp berilýär.

Şizofreniýanyň, uzaga çekýän depressiýalaryň we newrozlaryň bejerilmeginde açlyk berhizi saklanylyp, ol üç hepde dowam etdirilýär. Açlyk çekilýän döwürde näsaglara aşgarly mineral suwlary berlipdir, açlyk berhizi gutaransoň – mineral suwlary, witaminleşdirilen erginler berlipdir. Açlyk çekilende näsaglaryň iýmite bolan isleginiň ýokarlanmagy, kompensasiýa (öwezini dolmak) we stabilizasiýa (durnuklanma) tapgyrlary geçýär. Bu usul hüşgärligi hem seresaplygy talap edýär, çünki açlyk berhizi başlanyp iki hepde geçenden soň iýmite bolan islegiň ýatyrylyp düýbünden ýok bolaýmagy-da mümkindir.

**Fototerapiýa, fizioterapiýa we ekologiki terapiýa.** Fototerapiýa depressiýalaryň bejerilmeginde ulanylýar, aýratyn-da şeýle bejergi demirgazyk giňişlik-

lerinde (demirgazyk depressiýasy) hasam täsirli bolýar. Bejerginiň geçirilmegi üçin kuwwaty güýçli, gündizlik ýaly ýagtyny berýän serişdeler (ýagtylyk güýji 10000 lýuks) ulanylýar. Näsaglar şeýle guralyň gapdalynda 30 minut çemesi durýarlar, ýagtylyk güýji pesräk bolan gurallaryň bolsa öňünde birnäçe sagatlap durýarlar. Şeýle bejerginiň geçirilmegine garşy çykmalar heniz ýok.

Ýüzleý newrologiki bozulmalaryň, abstinent sindromynyň ýatyrylmagy, utgaşyp geçýän somatiki keselleriň simptomatiki bejergisiniň geçirilmegi üçin psihiatriýada fizioterapiýadan we akupunkturadan giňişleýin peýdalanýarlar. Häzirkizaman fizioterapiýasynda usullaryň uly toplumy oýlanylyp tapylyp, olar MNU-a trankwilizirleýji (rahatlandyryjy) we tijendiriji täsiri ýetirmä ukyply bolýar. Adatça, olar şypahana bejergisiniň geçirilmegi bilen utgaşdyrylanda has-da täsirli bolýar. Ýöne bejergi näsagyň psihiatryň gözegçiliginde bolma şerti bilen geçirilmelidir. Minerallaşdyrylan ýyly suwlaryň howsalaly hem howsalaly-gorkuly geçýän bozulmalara gowy täsir edýänligi mälimdir; bejeriş täsirini ýetirýän palçyklaryň depressiýada nerwleriň şahalaşan ýerlerine ýelmenip ýapylmagy hem gowy netijeler berýär. Şeýle-de, näsaglara haýsy şypahanalarda özlerini bejertmelidigi barada hem maslahatlar berilmelidir.

Depressiýadan ezýet çekýän näsaglara günorta ýurtlarda bolmak diýseň oňaýly täsir edýär. Maniakal ýagdaýlylaryň bolsa derdini beterletmegi mümkin. Demirgazyk giňişlikleriň ýerlerinde bolmaklyk garaguşagyrylynyň tutgaýlarynyň seýreklemegine getirýär. Synaglaryň geçirilmeginiň esasynda beýik daglygyň stressor şertlerinde bolmak we kislorod basyşynyň ýokary ýerlerine barmak (giperbariki oksigenasiýa) ýaramaz, zyýanlykly alamatly şizofreniýa gowy täsir edýänligi mälim boldy. Günde bir sagatlap suwa girip oturmak Rettiň keselinde maslahat berilýär, agşamlaryna ýorgana girip ýatylmazyndan ozal wannada suwa düşmeklik newrotiki bozulmalaryň ählisinde maslahat berilýär.

**Detoksikasiýa (zähersizlendirmek).** Ekstrakorporal detoksikasiýa usuly ýörite apparatlaryň we enjamlaryň kömegi bilen näsaglaryň ganyndaky dürli zäherleri aýryp ýok etmek üçin lukmançylykda giňden peýdalanylýar. Psihiatriýada olardan peýdalanmaklyk endogen psihozlaryň (şizofreniýanyň, MDP-iň döremegine zäherlenmeleriň) sebäp bolýanlygynyň nazaryýeti esaslandyrlandyr. Gemodializ ulanylanda näsaglaryň ençemesinde gowy netijeleriň gazanylandygyna garamazdan, tutuşlygyna alanyňda bu usul peýdasyz hasaplanýar. Soňky ýyllarda şizofreniýanyň has ýiti görnüşde ýüze çykýanlarynda sorbsiýa (adsorbsiýalaşdyryjy – ýörite şepbikleriň hem aktiwirlenen kömüriň esasynda) gurnalan kolonkalaryň we plazmafereziň (sentrifigurleninden soň ganyň suwuklygynyň aýrylyp, onun ýerine gany çalşyryp bilýän suwuklyklaryň guýulmagy) ulanylmagynda gowy netijeleriň gazanylýanlygy barada maglumatlar bar. Detoksikasiýa geçirilendäki ýaly takmyny netijeler şol näsagyň gany ultrafiolet çyrasynyň şöhlelerine we lazere tutulmagy bilenem gazanylypdyr.

Detoksikasiýa usullarynyň arasynda dürli suwuklyklaryň (gemodez, reopoliglýukin, aminokislotalaryň garyndylary, 5%-li witaminleşdirilen glýukoza) wena gana goýberilme usulyndan hem peýdalanylýar. Detoksikasiýanyň ähli usullary esasy keseliň bejerilmeginde, şeýle-de psihotrop serişdelere bolan rezistentliligiň aýrylmagy üçin peýdaly bolup biler.

**Psihoterapiýa.** Näsaga maksadalaýyk gönükdirilen psihologiki täsir ýetirmekligiň dürli görnüşdäki usullaryna (sözüň kömegi, emosional gatnaşyk bilen, bilelikdäki geçirilýän işler bilen) geçirilip, adamyň saglyk ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna ugrukdyrylyp şonuň streslere – süňňünedir aňyna agram salanlaryň garşysyna durup bilmek ukybyny ýokarlandyrýanlara psihoterapiýa diýilýär. Başga sözler bilen aýdylanda, psihoterapiýa nazary taýdan esaslandyrylan emeller ulgamy arkaly näsagyň psihikasyna, sonuň üsti bilen bolsa onun tutuş bedenine täsir edilmegidir.

Ýörite edebiýatda psihoterapiýanyň ummasyz köp görnüşleri mysal getirilýär, şonda-da olaryň her haýsynyň geçirilişiniň usuly jikme-jik beýan edilýär. Emma gönümel işe degişlilikde seredilende olaryň käbir esasy alamatlarynyň aýratyn bölünip, olaryň biriniň beýlekisinden tapawudyny görkezmek gerek. Şeýle etmek, birinji nobatda olaryň usullarynyň haýsysyndan peýdalanmalydygynyň takyk kesgitlenilmegini aýdyňlaşdyrmak üçin zerurdyr.

Psihoterapiýanyň geçirilmegine bolan görkezmeler diýseň giňdir. Şeýle-de bolsa bejergi geçirmek üçin onuň ýeke-täk görnüşde diňe bir özüniň ulanylýan ýeri seýrek bolup, esasan, ýüzleý funksional psihiki we psihosomatiki bozulmalarda (newrozlarda, konwersion bozulmalarda, psihopatiýalarda, garaşlylyk keselinde, emosional stresiň täsir etmeginde döreýän kesellerde) ulanylýar. Endogen we organiki kesellerde psihoterapiýa näsagyň derman bilen bejerilme prosesine çekilmegi, reabilitasiýa gatnaşmagyna ugrukdyrylýar. Ýiti psihozly ýagdaýdaky näsaga psihoterapiýanyň geçirilme mümkinçiligi bolmaýar, çünki şeýle näsag bilen sagdyn görnüşdäki gep-sözi alşyp bolmaýar, onuň bilen düşünişme kyn bolýar.

Psihoterapiýanyň üstünlikli geçirilmegi üçin möhüm şertleriň biri bu usuly bar bolan bozulmalara laýyklanylyp, näsagyň şahsy aýratynlyklaryna, onuň öz keseli baradaky düşünjelerine we ondan aýrylyp bilmäniň ýollaryna göz ýetirmesine laýyklanyp, saýlanylyp alynmagydyr. Meselem, sözler arkaly düşündiriş bilen geçirilýän psihoterapiýa usullary (rasional terapiýa, paradoksal usullary) oýlanyşy rasional – logiki görnüşli, öz-özüne analiz (ikinji signal ulgamynyň agdyklyk edýäni) berýän adamlarda geçirilýär.

Onuň tersine ýüregi ýuka bolup, ähli zada duýgurlyk bilen jogap berip aşa ynanjaň bolan akyly ýerinde däl (birinji signal ulgamy agdyklyk edýän) näsaglarda emosional täsir ediliş usuly (suggestiýa, gipnoz, psihodrama) has laýyk geler.

Psihoterapiýanyň bar bolan usullaryny şertlilik bilen çemeleşip birnäçe görnüşe bölse bolar.

**Gipnoterapiýa.** Gipnoterapiýa, bu psihoterapiýanyň gipnoz ynandyrmanyň ulanylmagynda esaslandyrylan usulydyr. Klassiki gipnoza direktiw (buýruk beriji), Eriksonyňky bolsa – direktiw däl girizilýär. Gipnozyň geçirilmegine diňe lukmançylyk maksatlarynyň amala aşyrylmagy üçin rugsat berilýär, ony geçirmäge diňe lukmançylyk bilimi bar bolan adamlaryň haky bardyr.

Gipnoz diýlip, aňyň oýa gezilmekden hem adaty ukulykdakydan, megerem, gipnoz geçirýän bilen ony alýanyň arasyndaky ähli bar bolan daşary gyjyndyryjylaryň ýetirýän täsiriniň peselenligindäki ýa-da düýbünden bolmanlygy ýagdaýyndaky rapport – söz arkaly gatnaşygyň bolmagyna düşünilmelidir. Adamlaryň uly toparynda geçirilýän gipnozda induksiýanyň kömegi bilen ynandyryjylyk has ýokarlanýar, hut şonun üçinem gipnoz geçirilýänlere gözegçiligiň edilip bolunmaýanlygy sebäpli onuň toparlaýyn geçirilmegi ulanylmaýar. Klassiki gipnozyň tehnikasy ynandyrma edilen synaglardan soň relaksasiýa ýagdaýyna getirilip, gowşadylma, agraslygyň duýulmagyna, irkiljiredilip uka gidermä gönükdirilen söz formulalarynyň kömegi bilen näsagyň aňynyň fazalykly ýagdaýyna batyrylmagyna getirýär. Gipnotiki ýagdaýda onuň söz formulalarynyň görnüşi öňde goýlan terapewtiki meselelere bagly bolýar. Meselem, baglylyk keselleriniň bejergisi geçirilende onuň awersiw görnüşi, howsalaly ýagdaýlarda bolsa relaksirleýji görnüşi ulanylýar.

Gipnotiki ýagdaýyň çuňlugyna baglylykda onuň tapgyrlary aýratyn bölünip görkezilýär.

1-nji tapgyry. Gipotaksiýa irkilme, el-aýaklarda agraslygyň döränliginiň duýulmasy, endamyňa mylaýym ýylylyk ýaýrap rahatlanma, gipnoz geçirilenden soň ýatkeşligiň bozulmagynyň bolmazlygy bilen häsiýetlenýär.

2-nji tapgyry. Katalepsiýa, ýüzleý uky, kataleptiki alamatlaryň ýüze çykmagy, anesteziýa, analgeziýa, rapportyň diňe lukmanyň aýdýan sözlerinden özgelerini kabul edibilmezlik derejesine ýetirilen görnüşde çäklendirilip daraldylmagyna getirilmegi, gipnoz geçirilenden soň ýatkeşligiň bozulmazlygy bilen häsiýetlenýär.

3-nji tapgyr. Somnambulizm çuňňur uka gitme, rapportyň doly saýlanyp-seçilmesi, ynandyrylmanyň gallýusinasiýa döredilmegi gipnozdan soňam ynandyrylmanyň dowam etdirilmegi, amneziýa bilen häsiýetlenýär.

Gipnotiki ukuda ýatana bejeriş täsiriniň ýetirilmegi üçin çuňňur gipnotiki uka gidirilmeginiň hökmany dälligi bellenilýär. Gipnotiki ukynyň çuňňurlygynyň başdaky derejelerinde gipnotiki ynandyrma gowy kabul edilip, ýeterlik amala aşyrylýar. Bu ugur M.Eriksonyň işläp düzen direktiw däl gipnozynyň esasy bolup, çuňňur bolmadyk ýüzleý gipnoz geçirilende bejeriş täsiriniň ýetirilmegini gazanýar.

Näsaglaryň aglabasynda gipnozlamanyň tehnikasyna bagly bolmazdan gipnotiki ukynyň çuňňurlygy geçirilýän her seansdan soň barha artyp başlaýar.

Munuň geçirilmegi araçägräk diýilýän bozulmalaryň ählisinde, ýeňil depressiw epizodlarda, gürleýşiň bozulmalarynda, newrotiki enurezde ulanylyp bilner.

Şunuň geçirilip bolunmaýanlygyna ýiti psihozlar, şizofreniýa, aramlyk hem çuňňur depressiw we maniakal epizodlary, kemakyllyk girizilýär. Geçirilmeli seanslaryň sany 2-3-den 10 gezege çenlidir.

**Psihoanaliz** – newrotiki bozulmalaryň bejerilmeginde oňa ýetmeýän düşnüksiz sözleriň, edilýän işleriňdir hereketleriň, oýa getirmeleriň (düýşleriň, fantaziýalaryň), şeýle-de psihiki hem süňňi bozulmalaryň many-mazmunynyň üsti açylyp söz üsti arkaly düşündirilmä esaslandyrylan bejerginiň geçirilmegidir. XX asyryň başynda S. Freýdiň klassiki psihoanalitiki usuly döredilenden soň köp sanly analitiki mekdepleriň çäklerinde usulyň onlarça görnüşleri peýda boldy. Psihoanaliziň has möhüm mekdepleri diýlip K. G. Ýungyň çuňňurlykly psihologiýasy, A. Adleriň we beýlekileriň mekdepleri, toparlaýyn analiz, şeýle-de postmodernistik diýilýän mekdepler hasaplanýar.

Psihoanaliziň hemme mekdepler tarapyndan makullanylýan esasy ýagdaýy şulardyr:

1. Adamyň özüni alyp barşynda, onuň durmuşynda aýgytlaýjy roly oýnaýan zat aňşyrmazlyk, düşünmezlikdir. Düşünmezlik islegdir höwesleriň, affektleriň, şeýle-de aň-düşünjeden hem-de islenilmeýän (adamyň medeni ýa-da haýsydyr bir ugry almadan ätiýaçlanyp göteribilmejek) arzuw-meýilleriniň ilkinji instinktiw energiýasyny öz içinde saklaýanydyr. Şol düşünmezlik energiýa bilen doldurylan bolýar, ýagny gysylyp çykarylan arzuw – islegleriň ählisi kanagatlandyrylma bolan okgunlygy görkezýär.

2. Aňa diňe bir energetiki taýdan däl-de, eýsem, dinamiki taýdan hem düşünilýär, ýagny ol ontogenezde ösüp, adamy höwes edýän zatlary, şeýle-de topografiki taýdan baglanyşdyrýar. Aň-huşuň topografiýasy dürli mekdeplerde biri-birinden tapawutlanyp, aslyýetinde welin çuňňur aňşyrylmazlygyňdyr düşünmezligiň (Şonsunyň) barlygy (Men) diýilmäniň we (Meniň üstünden) gözegçilik edilme sferasynyň hakykatdan barlygy welin inkär edilmeýär.

3. Düşünilmezlik bilen gyzygyp, şonuň bilen güýmenme medeni kadalara garşy gelýär. Sosial kadalar – özbolușly uýan bolup, ol şolaryň başyna jemgyýet tarapyndan hem medeniýet bilen atylyp, şonuň netijesinde-de adamlaryň biri-birleri bilen bile ýaşap bilmegine mümkinçilik döreýär.

4. Arzuw-isleglerińdir medeni talaplaryň deňagramlylygy psihikanyň goraýjy mehanizmleriniň güýç-gurbaty bilen döredilýär.

5. Newrotiki bozulmalaryň, özüni alyp barşynda gyşarmalaryň goýberilmeginiň, arzuw-islegleriň bulaşdyrylmagynyň sebäbi aňşyrylmasyz isleg-arzuwlaryň we medeni talaplaryň goraýjy mehanizmleriniň täsirliliginiň peselmesiniň, şeýle-de psihoseksuallygyň ontogeneziniň ýoýulmasy netijesinde olaryň aralygyndaky deňagramlylygyň bozulmasydyr.

Psihoanalitiki bejerginiň esasy wezipesi näsaga düşünilmezden bolup geçýän zatlara akyl ýetirmegiň ýolunyň öwredilmegidir. Bu proses ony azat edip, alamat-

laryň aýrylyp gitmegine ýa-da çalşyrylmagyna getirýär. Aňşyrma düşündirilmäniň üsti arkaly gazanylýar. Düşündirme zatlar hökmünde alamatlar, düýş görmeler, döredijilik önümleri, erkin birleşmeler, fantaziýalar, edilen ýalňyş hereketler (ýalňyş ýazma, gürrüňinde sypjyklyk etme, huş ýalňyşlyklary, adaty durmuşda bolup geçýän zatlar, näsaglaryň gürrüňi hyzmat edýär. Psihoanalize aýratyn görnüşli üýtgeşik pedagogika ýaly garalsa-da bolar, çünki ol özüniň düşündirişleri bilen näsaga analitiki dogry ýoly saýlap almagy öwredip, özünde bolup geçýän zatlary dogry düşündirmäge, özüniň başyndan geçirýän zatlaryny aýdyňlaşdyryp anyk suratlandyrmaga ündeýär. Psihoanalitiki iş näsagyň ýeterlik derejede aň-düşünjesiniň bolmagyny, analitigiň bolsa psihiatriýadan, psihologiýadan we fiziologiýadan giňişleýin ylmy düşünjeleriniň bolmaklygyny göz öňünde tutýar. Klassiki psihoanalitiki usul analitik bilen näsagyň arasyndaky emosional gatnaşygy mümkingadar doly aýyrmaga çalyşýar, analitik näsag üçin görkeziji «aýna» bolmaga ýykgyn edýär. Häzirki wagtda gysgamöhletleýin geçirilýän psihoanalitiki hem-de psihodinamiki bejerginiň dürli görnüşleri ulanylyp, olarda öňe sürülýän maglumatlaryň ýüze çykarylyşy bilen üstüniň açylmasy adaty söhbetdeşlikde we aň-düşünjeli görnüşde ara alnyp maslahatlaşmada bolup geçýär. Şonda lukmanyň edýän işleri has direktiwliräk bolýar. Psihoterapewt edýän tagallalaryny öňi bilen bolup geçýän dawa-jenjellere gönükdirýär, näsagyň amala aşyryp bilmedik çagalyk başdan geçirmelerine ünsüni bölmeýär.

Psihoanaliziň geçirilmegi üçin görkezme bolup araçägräk diýilýän bozulmalar, baglylyk keselleri, şahsyň bozulmalary we parafiliýalar hyzmat edip biler. Onuň geçirilmegine garşy bolanlara: kemakyllyk, şizofreniýa, gaýry ýiti psihozlar, organiki bozulmalar we garaguşagyry keseli girizilýär. Psihoanaliziň geçirilişiniň dowamlylygy birnäçe aýdan birnäçe ýyla çenli çekip biler. Psihoterapewtiki usullaryň arasynda iň agyr zähmet çekilmegini talap edýäni psihoanaliz bolup, onuň ýetirýän täsiri, hakyky netijesi durnukly bolýar.

**Özüni alyp barşynyň psihoterapiýasy.** Özüni alyp baryş (bihewioral) bejergisiniň esasynda fiziologiýa reflekleriniň pikir düşünjesi ýatandyr. Şolara laýyklykda özüni alyp barşyň dogry-nädogrulygy okadylma bilen, ýagny töwerekleýän zatlaryň şoňa ugrukdyrylanlarynyň täsir etmeginde şertlendirilendir. Özüni alyp barşynyň kemala gelmegi täze reflektor baglanyşyklaryň döredilmegini aňladýar.

Bihewioral bejerginiň şeýle aýratynlyklary bardyr. Terapewt hassalary durmuşda bolup geçýän zatlara jogap bermäniň öz isleglerine görä edilmegini öwredýär, ýagny bejergi emosional gatnaşyklarynyň esasy manysyny özgertmäge synanyşmaýar-da, şahsy duýgulary bilkastlaýyn ret edýär. Bihewioral bejergi alamatlar bilen gyzyklanyp, olaryň yzynda duran meseleler bilen gyzyklanmaýar. Aslyýetine seredeniňde bu simptomatiki psihoterapiýadyr. Psihoterapewt – bihewioristiň esasy işi – näsagyň özüni alyp barşyny özgertmekden ybaratdyr. Şol

30. Sargyt №3273.

özgerdilmäniň ugrukdyryjysy bolup negatiw (zyýanly) täsir däl-de, pozitiw (peýdaly) itergi gulluk edýär. Munuň bolsa ähmiýeti diýseň uludyr.

**Psihoterapewt** – bihewioristiň düşünjesinde şahs – patternleriň, ýagny özüňi alyp barşyň reaksiýalarynyň jemidir. Özüňi alyp barşyň her bir reaksiýasy genetiki kodda we ozalky alnan tejribede esaslanýar. Ýagny hemmetaraplaýyn sazlaşykly bolan gelşikliden sagdyn şahsy özüňi alyp baryş reaksiýalaryň mümkingadar köp hem giň bolan toplumy häsiýetlendirip, şonuň üsti bilen adam özüni töwerekleýän dürli zatlaryň täsir edişine degişli bolan jogaby gaýtarýar, uýgunlaşyp bilme ukybynyň naýbaşysyny görkezýär. Özüni alyp barşynyň bejergisiniň esasy düşünjeleri şertlendirme bilen berkitmedir.

**Reaktiw şertlendirme** – bu özüni reflektor alyp barmadyr. Adamyň bedeni tijendirilse awtomatiki görnüşde, meselem, garaňkylykda gözleriň göreçleriniň hemişe giňelmegi bilen jogap berýär. I. P. Pawlow gönümel tijendirilmäniň şertli refleks bilen esaslandyrylýanlygynyň üstüni açypdyr. Meselem, agyzda sülekeýiň bölünip çykmasynyň köpeldilmesiniň iýmitiň görnüşinden döremän, birsyhly gaýtalanýan şol gyjyndyryjylary köp gezek utgaşdyran jaňyň sesine bolýanlygyny belläpdi. Şertli refleksler ýeňillik bilen özleşdirilip, çalt aýrylyp ýitip gidýärler. Okadylmanyň esasynda operant şertlendirme ýatandyr. Sylaglama ýa-da jezalandyrma arkaly özüni alyp barşynyň kesgitli bir görnüşini gazanyp bolar.

**Berkitme** – belli bir (öňünden meýilleşdirilen) reaksiýalaryň döräp biljek ähtimallygyny ýokarlandyrýan islendik görnüşdäki tijendirilmedir. Berkitme zyýanly hem, peýdaly hem bolup biler. Peýdaly hem zyýanly tijendirilmeler özüni alyp barşyny kemala getirip, ony ugrukdyryp rejeläp bilýändir. Berkitmäniň esasy peýdalylary – pul we iýmitdir; aýraçylyk, gorky, açlyk bolsa olaryň zyýanlylarydyr. Soňabaka adamynyň berkidilmeginiň güýçli tijendirijisiniň sözdüginiň hem üsti açyldy. Şol sebäpli düýpli görnüşli berkitmelere bir tarapdan hökümdarlyk, söz, beýleki bir tarapdan bolsa gorky, mertebe depelenilip kemsidilme we ş.m. goşulýar.

Bihewiorizme laýyklykda özüni alyp barşynyň aglabasynyň düşündirilişi fiktiw (galp) häsiýete eýe bolup, ol hakyky dogry sebäpler bilen däl-de, ýalan-ýaşryk zatlaryň esasynda düşündirilýär. Şolar ýaly galplyklar töweregi gurşaýan zatlaryň bölekleýin täsir edýänligi bilen delillendirilip düşündiriljek bolunýar. Şeýle edilme bolsa, tijendirilmeleriň ugrukdyrylanlarynyň täsir etmeginde döreýän özüni aýratyn görnüşde alnyp barylmagydyr diýlen ters düşünjäniň sosial institutlar tarapyndan bilkastlaýyn öňe sürülmegidir. Fiksiýalarda azatlyk, erkinlik, mertebe, döredijilik ýaly düşünjeler hem bolýar.

**Özüni azat, erkin duýmak** – ol entek azatlyk däldir. Galyberse-de, özüni alyp barşynyň zulumýetlikli usullar arkaly ugrukdyrylmasy hut özüni azat hem erkin duýýan pursatlarynyda güýçlenýär, başga sözler bilen aýdylanda şolar gözegçilige alynmaýar, çäklendirilmeýär. Adam gipnoz geçirilenden soňraky özüni alyp barşyna meňzeşlikde «hereketlenmeleriň keseki tarapyndan düzülen meýil-

namasyny» ýerine ýetirýär-de, şol zatlary aň-düşünjeli hem öz islegi bilen amala aşyrýandyryn öýdýär.

«Mynasyplylyk» (at-abraý, hususy pikiriň, öwülme) şertli bahalandyrma bolup, ol zerur bolan özüni sosial alyp barşyny berkidýär. «Döredijilik» – genetiki taryhyň hem töweregi gurşaýan zatlaryň önümi bolup, ol refleks ýaly amala aşyrylanda kanagatlanma getirýär.

Bihewioral bejerginiň wezipesi daşky gurşawyň tijendirijileriniň özgerdilmeginiň kömegi bilen özüni alyp barşyna hökmürowanlykly täsiri ýetirmekdir. Şonda aň-huş «gara guty» ýaly bolup, şoňa haýsy we nähili tijendirijileriň täsir edýänligi düşnüksiz galyp, şondan çykylanda näme aljaklygymyz näbelli bolýar-da, «gutynyň» içinde nämeleriň bolup geçýänliginiň ähmiýeti bolmaýar. Özüni reflektor alyp barşynyň ulgamy aňşyrylmaýan bolup, awtomatiki görnüşde işledilip, olar çagalykda kesgitli bolan medeniýetde okadylmanyň täsirinde döräp ösýärler.

Bihewioral bejerginiň esasy usullarynyň görnüşleri aşakdakylardyr.

**Ulgamlaýyn desensibilizasiýa.** Usul islenilmeýän alamat bilen adaty bolan oňaýly, peýda getiriji rahatlandyryjy reaksiýanyň arasynda baglanyşygyň gurnalmagyna ugrukdyrylandyr. Umumy görnüşde ol şu hilidir. Näsag özüniň howsalasy ýa-da gorkusy barada gürrüň berýär. Bu ýagdaýda oňa endamyny gowşatma öwredilýär. Şeýle ýagdaýdaka ol öz alamatlary barada ýene täzeden gürrüň berýär. Şeýle etmekligi birnäçe gezek gaýtalama bilen gorkyny, howsalany relaksasiýa bilen baglanyşdyryp bolýar, netijede alamat aýrylýar. Kähalatlarda relaksasiýa trankwilizatorlar bilen hem güýçlendirilýär. Gorky pesinden güýçlüsine geçip biler. Meselem, çaga itden gorkýar we ol emosiýanyň güýji bilen: pes gorky – itiň suratynyň şekili, güýçli gorky – hakyky it görnüşlerinde ýüze çykýar. Usulyň netijesinde näsagdaky stres ýagdaýy myşsalaryň gowşamagy bilen düşündirilip, şolaryň çekilişip dartgynlanmasy bilen baglanyşdyrylmaýar. Hakyky durmuşda adam howsalaly ýagdaýlara uçranda, ol bu ýagdaýa gorkuly garamaly däl-de, endamynyň myşsalaryny gowşadyp, dartgynlygyny aýyrma bilen jogap bermeli.

**Imploziw bejergisi** ulgamlaýyn desensibilizasiýanyň ähli tapgyrlaryndan sowa geçip, adamyny hyýala getirilýän ýagdaýyň iň elhenç görnüşlisine oklaýar. Näsagy aň üçin iň oňaýsyz ýaramaz şertlerde ýerleşdiren terapewt onda howsalanmanyň içki «partlamasyny» döredýär, ol hem birnäçe gaýtalamadan soň ýürek ýaryjy gorkuly ýagdaýa düşüp aljyraýar, oňa-da ýuwaş-ýuwaşdan öwrenişip, howsalanmanyň doly aýrylyp gitmegine getirýär. Meselem, näsagda ýiti zatlara bolan gorky dörände kütek pyçak bilen kartoşka arassalamagy haýyş etse bolar.

**Awersiw bejergisi** özüni durmuşa ters gelýän görnüşde alyp barmak halatlarynda ýa-da adamda zyýanly endikler (çilim çekmek, arakhorlyk, doýdum-doldumy bilmän sygnap iýegenlik) bolanda ulanylýar. Bu usul ýüregiňi bulap ýigrenç duýgusyny döredýän (awersiw) ýakymsyz zatlaryňdyr ýagdaýlaryň, adatça, lezzet berip kanagatlandyrýan zatlar bilen utgaşdyrylmasydyr. Meselem, haçan-da meýli

içgili bulgury näsagyň agzyna ýakynlaşdyranlarynda, ol elektrik togunyň urgusyny alýar. Köplenç halatda meýli içginiň tagamy, ysy ögeme, gusma, kükregiň astynda ýakymsyz duýgularyň döremegi bilen baglanyşdyrylýar.

Özüni alyp barmanyň kemala gelşiniň usuly. Näsagyň endikleriniň düýpli hem jikme-jik öwrenilmegini talap edip, olam iň güýçli täsiri ýetiräýjek sowgadyň (süýji, telewizora tomaşa etmäge, kompýuter oýnamaga rugsadyň berilmegi, sosial goldama, söz arkaly göwnüni awlama), iň täsirlisiniň saýlanylyp alynmagyna mümkinçilik berip, şeýle kömek bilenem onda gerekli bolan görnüşdäki özüni alyp barşynyň modeli döredilýär.

**Žetonlaryň toplanyş (gyzyklandyrmak) usuly** (žeton ykdysadyýeti). Bu usuldan, esasan, psihiatriki klinikalarda peýdalanýarlar. Näsagyň ýagdaýynyň her bir gowulaşmasyny terapewtiň hormatlamasy arkaly özgerdilýär. Eger-de näsag dişlerini ýuwup arassalasa ýa-da ýorgan-düşegini özi ýygnaşdyrsa oňa plastmassa žetony berýärler, şular ýaly gowy hereketler köpeliberse has-da gowy hormatlanylyp – süýjüdir goşmaça nahar berilýär.

**Model görkezilme bejergisi.** Bu çemeleşme eger-de näsag özüniňki ýaly çylşyrymly ýagdaýlardan aňsatlyk bilen baş alyp çykyp bilýän terapewti ýa-da kimdir başga birini synlap, olaryň özlerini alyp baryşlaryna meňzejek bolup jan etse, onda howsalanma aýrylýar diýilýän ynandyrma esaslandyrlandyr. Şeýle görnüşli bejergi gorky bolanda ulanylýar. Özüni alyp barmagy öwredýän okatma usuly hem bar. Şonda maksadalaýyk bolan reaksiýalar öňe sürlüp näsagdan olaryň mümkin boldugyndan takyk gaýtalanylmagy talap edilýär.

**Rasional psihoterapiýa.** Rasional psihoterapiýany pähim-paýhasly, oýlanyşykly diýip atlandyrmak has dogry bolar, çünki bu usul diňe logika (dogry oýlanma) esaslandyrylyp gurnalan. Psihiki bozulmanyň düýbünde näsagyň öz keseliniň sebäplerine we kliniki ýüze çykyşyna nädogry düşünmesi, näsagyň öz keseli barada gerekli maglumatlary ýeterlik bilmeýänligi ýa-da nädogry bahalandyrmagy ýatandyr. Rasional psihoterapiýa bejeriş täsirini ýetirip-düşündirip, oýlanyşykly delillendirmäge esaslanýar.

Adaty bejeriş şeýle tapgyrlary öz içine alýar:

1. Näsagyň aýdýan gürrüňlerinde hem özüni alyp barşynda oýlanyşyksyz aýdylan zatlaryň we hereketleriň gözlenilmegi.

2. Logikanyň kada-kanunlaryna daýanýan sebäpleriň we getirilýän netijeleriň baglanyşygynda meseleleri oýlanyşykly çözübilmäni öwretmek.

3. Goýberilen oýlanyşyksyz ýalňyşlyklaryň düzedilmegi. Näsagyň ýalňyş pikirlenişine meňzeş bolan meseleleri öňünde goýmak. Soňra näsag oýlanyşykly pikirlenmäniň haýsy hem bolsa bir bölieginiň dogry-nädogrulygyny kepillendirip, subut etmeli. Ýagny näsagyň özüniň soragyna özi jogap bermäge bogny ysmaly.

4. Affektiw oýlanylma bilen işlemek.

5. Keseliň mehanizmlerini synlama bilen tertibe getirmek.

Şeýlelikde, rasional psihoterapiýanyň özeni keseliň häsiýetlenilişiniň sebäpleriniň we nähili gutaryp tamamlanjaklygynyň dogry hem näsaga elýeter görnüşde düşündirilmeginden ybarat bolup, ol hem öz keseline laýyk gelýän dogry garaýşyň kemala gelmegine ýardam berýär.

Rasional psihoterapiýanyň bir özi aýratynlykda geçirilip bilner ýa-da ol bejergi çäreleriniň toplumyna-da goşulyp bilner. Rasional bejerginiň lukmanyň näsag bilen ilkinji duşuşan pursadynda onuň keseli baradaky şikaýatlary we keseliň içki alamatlary barada pikir alyşanda başlaýan ýerleri-de seýrek däl.

**Geştalt terapiýa.** Nemes dilinde geştalt – şekil, forma diýen manyny aňladyp, bu aňrybaşy kämilleşmä ýetmäge okdurylmakdyr. Bu usul F.Perls tarapyndan döredilipdi (1917 ý.). Geştalt terapiýanyň esasy görkezmeleri psihiki işde bitewilige, kämilleşilmä ýykgyn etmedir. Psihikanyň şu häsiýeti kabul edilşiň aýratynlyklary bilen has-da äşgär ýüze çykýar. Haçan-da, biz dörtburçlyga ýa-da üçburçlyga seredenimizde, diňe bir çyzyklar bilen emele getirilen burçlary däl-de, olaryň hut öz şekillerini hem görýäris: psihiki işjeňligiň netijesinde şol şekiller tutuşlandyrylma derejesine ýetirilýär. Şol sebäpli-de biz häsiýetleriň toplumyny däl-de, bitewi zatlaryň şekilini görýäris.

Psihiki işiň ugry kämilleşmä gönükmegi gutarylman galan işde-de, amala aşyrylmadyk maksatda-da psihiki ulgamynda dartgynlylyk döreme ýaly yzy galdyrýar. Şol dartgynlyk hakykatdan ýa-da hyýaly görnüşde soňlanmaga çalyşýar. Aýrylman galan dartgynlygyň getirýän netijesi, meselem, soňuna ýetirilmän goýlan hereketiň mazmunynyň täsiri. Soňuna çenli gutarylan işiňkiden güýçli täsir edip, ýadynda has berk saklanylmagyna getirýär. Şol kanunyň täsiri bilen uly adam barýarka birden çagalykda alyp bilmedik oýunjagyny alýar oturyberýär.

Bitewiligiňdir kämilleşmegiň bolmazlygy dartgynlygy we adamyň kalbynda öz-özi bilen oňuşmazlygyna getirip newrozy döredýär. Meselem, öz ýakyn hossarlarynyň birini ýitiren adam, şol garyndaşynyň ýogalmagynda özüni günäkärläp kötekleýär, ony halas edip bilmänligine gynanyp susty basylýar, lapykeçlige uçrap göwni çökýär. Bu ýerde mesele ýakyn adamlaryň özara saklaýan aragatnaşyklarynda biri-birine ýeterlik derejede nämäniňdir bir zadyň aýdylman goýlanlygy, anyklaşdyrylmanlygy, «soňa goýlanlaryň» barlygy ýaly zatlardan ybarat bolýar. Geştalt – terapiýanyň nukdaýnazaryndan şu maksat hemme işiň bitirilip bilinme mümkinçiligini ýitirýänligi sebäpli depressiýanyň we lapyň keç bolup ederini bilmezliginiň döredilmeginde möhüm rol oýnaýar.

Kähalatlarda sazlaşyk şahsyň durnuklylygy gapma-garşy gelýän isleg höwesleriň, öz içinde dawaly ýagdaýyň turmagynda-da döräp biler. Gapma-garşylykly ýagdaý bolsa adamyň psihiki durmuşynda hemişe döräp durýan zatdyr: ol haýsydyr bir ýakyn adamlarynyň birini öz janyndanam gowy görüp ileri tutma bilen bir hatarda onuň käbir gylyk-häsiýetine pisindiniň oturmaýanlygy üçin kakyny tutup gaharlanyp, nägile bolup biler. Ösüş sazlaşykly

geçende gapma-garşylyklar biri-birleriniň üstüni ýetirip, emosional durmuşa öwüşgin atmalar bilen doldurylýarlar. Haçan-da gapma-garşylykly isleg-küýsegler (duýgy, matlaplar) adamyň hut öz içinde dawa-jenjeliň turmagyna getirende bolsa, ol özüni günäli duýýar, hereket-gymyldylaryny azaldyp hiç bir zada baş goşasy gelmeýär, susty basylyp, belli bir işi etmäge ukyby bolmaýar. Meselem, şeýle ýagdaý isleg bilen borçlulyk duýgusynyň arasynda dawa-jenjel dörände ýüze çykyp biler.

Geştalt terapiýanyň maksady näsagyň dörän dawa-jenjele ýa-da islegine düşünmegine ýardam edip ýitirilen bitewiligiň, kämilligiň dikeldilmegine ugrukdyrylmasyndan ybaratdyr.

Geştalt terapiýa bir adam üçin ýa-da toparlaýyn bolup biler. Köplenç halatda, psihodramadan alnan (şoňa gatnaşýanlar üçin şahsy usul) görelde ähmiýetdir manysy bolan durmuş ýagdaýlara teatrlaşdyrma usuly arkaly meňzedilip oýun görkezilýär, şoňa-da näsaglaryň hut özleri gatnaşýarlar) bolýar. Dawa-jenjel daş gözýetime çykarylyp, şonuň üsti bilen aň-düşünje göz astyna alynýar: tamamlanylmadyk işiň gutarylmadyk ýagdaýlysy simwoliki (meňzedilen nyşanlar görnüşinde-de) oýlanylyp bilner.

Bu bejerginiň geçirilmegine baglylyk keselleri, araçägräk diýilýän bozulmalar; geçirilmegine garşy görkezme: ýiti psihozlar, şizofreniýa, garaguşagyry keseli, kemakyllyk hyzmat edip biler. Geştalt terapiýany psihologiki uýgunlaşyp bilmekligi we sosial üstünligiň gazanylmagy ýaly meseleleriň çözülmeginde sag adamlarda-da ulanyp bolar.

**Transakt analizi.** Transakt analiziniň göz öňüne getirilmeginiň esasynda aň-düşünjäniň psihoanalizde işlenilip düzülen ýöntemleşdirilen modeli ýatandyr. Şu model her bir adamda çagalygyň bir bölejiginiň barlygyny, özüniň nähili bolanlygyny, ata-enesinden we uly adamdan nämedir bir meňzeşlikleriň geçenligini, häzir onuň nähilidigini belläp geçýär. Biziň beýleki adamlar bilen bolan özara gatnaşykly hereketlerimize (transaksiýalarymyza) ýaňky rollaryň haýsynyň hem bolsa biriniň siňenligini aňladýar.

Ata-enelerimize öýkünip biz kähalatlarda gaýry adamlara şolaryň gözüdir düşünjesi bilen garap, olary çaga saýyp öwüt-nesihatlar berýäris ýa-da käýinip ýazgarýarys.

Hakyky uly adamlar ýaly biz hakykaty, bolup geçýän zatlary, akyl-huşlulygydyr saldamlylygy, durmuşyň çatak gelen pursatlarynda oýlanyşykly çemeleşmämizi, ýerlikli hereketlerimizi ýitirmezlige çalyşýarys.

Bu bejergi arkaly çemeleşmäniň maksady adamyň öz-özüni alyp barşyna göz ýetirip gowy düşünmegine we şonuň netijesinde-de, çaganyň ýa-da ata-enäniň aňmadyk roluny oýnamagyň bes etdirilmegine ugrukdyrylmagydyr. Bu usuldan diňe kärine ezber hünärmen peýdalanmalydyr, çünki şeýle bolmadyk ýagdaýynda şahsyň zaýalanyp sandan çykma howpy bardyr. Muny aralyk bozulmalarda geçir-

mek bolar, şizofreniýada, garagusagyry keselinde, kemakyllykda we ýiti psihozlarda geçirmek bolmaýar.

**Autogen türgenleşigi.** Bu psihoterapiýanyň usullarynyň biri bolup, näsagy öz duýgularynadyr psihiki ýagdaýyna erk edip bilmeginiň öwredilmegine gönükdirilendir. Şu usul öz-özüni ynandyrma, ýoga ulgamy, gipnoz, myşsalaryň hereketlenmesi, erjellik bilen ugrukdyrma we rasional psihoterapiýasy ýaly usullardan gerekli zatlar saýlanyp alnyp düýbi tutulandyr.

Öz-özüni ynandyrmakda onuň formulasy hut özüne niýetlendirilýär. Öz-özüni ynandyrma usullaryndan has giňişleýin ýaýrany fransuz dermanhanaçysy Kueniň (Coul E. 1857-1926) usulydyr. Şonda näsaga günüň dowamynda öz-özüni ynandyrmanyň şeýle bejeriji görnüşini, ýagny («gün geçdigiçe meniň ýagdaýym barha gowulanyp barýar» diýlen sözleri birnäçe gezek gaýtalamagy teklip edilýär. Kue gowy täsir edýän («Men sag») diýen özüni ynandyrmany gaty bir peýdaly bolmadyk («Men keselli däl») diýen öz-özüni ynandyrmanyň ýokarky bilen çalşyrylmagynyň dogrudygyny hem belläp geçipdi. Öz-özüni ynandyrma usuly psihoterapiýanyň birnäçe beýleki görnüşleri üçin, bejeriş täsiriniň ýetirilmeginiň güýçlendirilmegi üçin wajyp mehanizmleriň biridir.

Autogen türgenleşiginiň görnüşleriniň biri teklip edilýän relaksasiýa usulydyr.

1. Sessiz-üýnsüz ýuwaş asuda ýagdaýyň döredilmegi zerurdyr.

2. Özi üçin rahat bolan oňaýly ýagdaýda oturmak ýa-da ýatmak (meselem «lotosyň» – suwda gögerýän owadan gülli ösümligiň şekiline girmek).

3. Gözlerini ýumup töwerekde bolup geçýän zatlara düýbünden gatnaşmazlyk.

4. Myşsalaryny aşakdan ýokarlygyna, ýagny aýaklardan başlap kellä tarap gowşatmak.

5. Demi burny bilen alyp, bar ünsüni öz dem alşyna gönükdirmek.

6. Dem daşyna goýberilende ýuwaslyk bilen mantralary diýmeli (meselem, «OUM»).

7. 20 minutlap dowam etdirilmeli.

8. Maşklar tamamlanandan soň birnäçe minut arkaýyn oturmaly, başda gözleri ýumulgy bolmaly.

9. Türgenleşmäniň maksady – doly arkaýynlygyň hem-de hiç bir zada gatnaşmazlygyň gazanylmagydyr. Dartgynlygyň doly aýrylmagyny hemişe gazanyp bolmaýar. Kellä ünsüni sowujy pikirleriň gelip durmagy hem mümkin – olara ünsi bölmän, ähli ünsi dem alşa bermeli.

10. Türgenleşigi günde iki gezek – nahar iýlenden iki sagat geçensoň gaýtalamaly.

Ulanylyşy uçursyz giň bolup, muny ýiti psihozlarda geçirmek bolmaýar.

**Psihodrama** (Moreno Ýa. L., 1921) toparlaýyn geçirilýän psihoterapiýanyň ilkinji usullarynyň biridir. Şu usulda näsaga gahrymanyň keşbini oýnamak teklip edilýär, onuň mazmuny näsagyň meselelerinde jemlenendir. Seansa gatnaşýanlaryň

birine näsagyň durmuşynda iş salşan adamsynyň keşbini oýnamak teklip edilýär, beýlekilere bolsa geçip duran hadysalary synlaýanlaryň keşbi tabşyrylýar, olaram sahnada bolup geçýän zatlary öz başlaryndan geçiren kynçylyklary we gaýry hadysalary bilen deňeşdirilýär.

Psihodramanyň maksady näsagyň iň çuňňur emosiýalaryny has açykdan hereketlenmeli görnüşde görkezmekden ybarat bolup, şonuň geçişinde-de ol zatlara reaksiýa berlip içki arassalanma (katarsis) geçip, birdenem duýdansyz ýagdaýda meselä täzeçe düşülme ukyby döreýär (insaýt).

**Sosial bejergisi.** Çemeleşilmäniň maksady adama diňe özüne gowy düşünip bilmegine mümkinçilik döredilmän, eýsem, başga adamlar bilen hem (hossarlary, işdeş ýoldaşlary) sazlaşykly aragatnaşyklaryň gurnalmagyna gönükdirilmegidir. Sosial terapiýasy ösüş toparlarynda düzümli habar alyşma we maşgala psihoterapiýa görnüşinde geçirilýär.

**Neýrolingwistiki maksatnamalaşdyrma (NLM).** Bu usul özüni alyp barşynyň psihologiýasynyň we maksatlar psihologiýasynyň sebitlerinde geçirilen ylmy-barlag işleriň esasynda döredilendir. NLM – bu öňi bilen subýektiw tejribäniň öwrenilişidir. NLM özümiziň içki gam-gussaly başdan geçirmelerimiz, düşünip bilme ukybymyz bolan elementleri barlap görmek, şol elementleriň häsiýetleriniň üstüni açyp ýüze çykarmak, şeýle-de olaryň özara täsir edişlerini öwrenmek bilen meşgullanýar. Adama dürli görnüşli ukyplara we mümkinçiliklere eýe bolmak häsiýetlidir. Ol oý-pikiri bilen eşidip, görüp, duýup bilýär. Onuň bedeniniň hereketlenmeleri üýtgeşik köpgörnüşlidir. Ol öz-özi bilen gürleşip bilmäge-de ukyplydyr. Onuň kesgitli bolan çaklamalary we ynamy bardyr. Şu elementleriň birleşdirilmesi NLM-de subýektiw tejribäniň düzümi (strukturasy) diýlip atlandyrylýar. Şu düzüm biri-birine garaşly bolan ulgamy emele getirýär. Haýsydyr bir elementde geçen özgeriş, meselem, içki şekilleriň, sözleriň, owazdyr-sesleriň we hereketleriň kombinasiýasy beýleki elementlerde-de özgerişleriň bolup geçmegine getirýär. Şonuň netijesinde-de başga pikirler, başga emosiýalar we özüni alyp barşynyň başga görnüşi döreýär. Onuň kömegi bilen adam töwerekdäkiler bilen bolýan aragatnaşyklaryny gurnap hem özgerdip bilýär.

NLM-iň ikinji kesgitlenilişi – modelirlemedir. Modelirleme öz içine: kartanyň ýüzüne adamyň mümkinçilikleriniň geçirilmegini we şonuň üsti bilen onuň başga adamlara gowşurylmagyny alýar. Şu düşünjede NLM okadylmanyň hemme ýerde ulanylýan tehnikasynyň biri hökmünde göz öňüne getirilýär: adamyň aýratyn bolan mümkinçilikleriniň esasynda onuň geljekdäki analiziniň geçirilmegi, mazmuny boýunça neýtral modeliniň döredilip, şoňa-da düşünilmegi hem-de geçirilme mümkinçilikleriniň gazanylmagydyr. Meselem, adamyň mümkinçilikleri labyzly sazyň owazyny ýatladýar. Eger-de biz şol labyzly sazy nota depderine ýazyp bilsek, onda biz nota sowadyna eýe bolup, degişli saz guralyny çalybam bileris. Ýaňky labyzly sazy özümiz öz heňimize laýyklykda çalyp bi-

leris, ony beýleki adamlara-da öwretmäni başararys. Modelirleme düzgüniniň kömegi bilen NLM ösüp kämilleşýär: her ýylda dünýä ýüzünde täze adamlaryň ýüzlerçesi modelirlenilip NLM-iň täze görnüşli tehnikalary döredilip, olar barha kämilleşdirilýär.

NLM-iň üçünji kesgitlenilmesi – bu kommunikatiw tehnologiýasydyr. Şunda NLM öz öňünde şeýle sowallarydyr meseleleri goýýar: «Biz öz kommunikasiýamyz arkaly adamyň özgermegine nädip we nähili kömegi ýetirip bileris? Biziň werbal (söz), öňi bilen werbal däl kommunikasiýamyz nähili täsiri ýetirer? Şol täsirden ugrukdyrylan görnüşde nädip we nähili peýdalanyp bolar? Tejribesiniň düzülişi baradaky mümkingadar köp maglumatlary almak üçin biz şol adam bilen özümizi nähili alyp barmaly?» Şu düşünjede NLM kommunikasiýa arkaly tasir etmä gönükdirilen sosial tehnologiýasyny göz öňüne getirýär. Dürli kontekstlerde (ýazylyp görkezmelerde) şeýle täsiriň ýetirilişiniň matlaby dürli gornüşlerde bolup biler. Bejeriliş kontekstinde gürrüň bar bolan meseleleriň çözülmegi barada barýar. Okadylýan kontekstde gürrüň okadylma barada alnyp barylýar. Şonda ýokarda sanalyp geçilen ýagdaýlaryň ählisinde gürrüň adamyň subýektiw tejribesinde ýörite bolan özgerişleriň gazanylmagy barada gidýär.

Haçan-da gürrüň kimdir biriniň subýektiw tejribesi baradaky maglumatlary almaklygy barada gidende, täsirli kommunikasiýanyň gerekligi diýseň zerur bolýar. Başga sözler bilen aýdylanda gowy kommunikasiýanyň ýoklugynda kimdir birini modelirlemek diýseň çetin bolýar. Men halamaýan adamyma näme üçin maňa, hut özüme degişli şahsy häsiýete eýe bolan gam-gussaly geçýän içki başdan geçirmelerim baradaky maglumatlary bermelimişim? Modelirlemede gowy aragatnaşygyň bolmagy şonuň ilkinji nobatdaky wajyp talaplarynyň biridir. Gowy sazlaşykly aragatnaşyk bolanda şol adamlaryň biri-birine aýdyň düşünmegine, garaýyşlarynyň biri-biriniňkä gabat gelýänligine göz ýetirmegine, olar ýakynlaşyp biri-birine «ysnyşjakdyklaryna» ýol açylmagyna ýardam edýär. Şol sebäplem NLM döwtalap bolup ýykgyn edýänler galan zatlardan daşary özleriniň werbal däl görnüşde alnyp barylmagyny (meselem, sesiniň äheňini we göwresiniň hereketlerini) beýleki adamyň özüni werbal däl görnüşde alyp barmasyna ýakynlaşdyryp, olara meňzemäge çalyşýar. Bu bolsa özgerişli sungat hökmündäki bir zat ýaly bolup, gerekli pursatynda we zerur bolan çeninde tiz hem ýönekeýlik bilen özara ynamyň we bir işe bilelikde degişliligiň derwaýyslygyna düşünip maksada ýetmäniň gazanylmagyny aňsatlaşdyrýar.

NLM-iň esasy düzgünleri:

1. Niýetdir maksatlaryň ýakymlydan gowulygy.
2. «Şowsuzlygyň we ýeňilşiň bolman – üstünligiň gazanylmagy».
3. Özgerdilmä zerur bolan ähli zadyň adamda bolmaklygy.
4. Öz düşünmeýän zatlaryna ynamynyň bolmagy (näsag üçin hem, psihoterapewt üçin hem).

5. «Işiň ekologikiligi» – zyýansyzlygy, ýagny öňki ýagdaýyna hemişe gaýdyp gelmeklige mümkinçiligiň bolmagy.

NLM-iň geçirilmesiniň takmynan tapgyrlary:

1. Birleşdirme (rapport).

Söhbetdeşiň bilen aralyk 40-120 sm, aralygy germewsiz, gapdalynda 45 gradus burçlukda durmaly.

a) werbal däl goşup birleşdirme: duruşyny, üm-yşaratlaryny, hereketlerini, ýüz-gözüni oýnadyşyny meňzetmek, ýöne oýnatman (ýöntemleşdirmän); dem alşynyň ýygjamlygynyň üsti bilen (ýa-da göni bolmadyk – deminiň kadasyna el-aýagy bilen tarkyldatmak);

b) werbal, lingwistiki – göz aýlaýşy ulgamynyň we pikirlenişiniň üsti bilen, sözleýşiniň şahsylygy.

2. Maglumatyň toplanmagy.

Munda reprezentatiw ulgam bolup, şonuň üsti bilen maglumatlar has takyk hem gowy kabul edilýär. Şolar 3, ýöne her bir adamda olaryň haýsy hem bolsa biri agdyklyk edýär, ondan ugur alnyp adamlar şeýle toparlara bölünýärler:

a) wizuallara – tejribäni şekilleri görmäniň, hyýala getirmeleriň üsti arkaly toplaýarlar. Adatça, olar: «Men meseläni görýärin… bu gün güneşli ýagty gün» diýýärler. Sesi şaňňy hem batly, mesele barada pikrlenip olar başda ýokary, soňra bolsa aşak garaýarlar;

b) kinestetikler – tejribäni syzma, duýma, ys alma arkaly toplaýarlar. Olar adatça, «Men bu hili bolmaýanlygy syzyp duýýaryn…, gün maýyl» diýýärler. Sesi pessaý, äheňi pes. Olar «süýji zatlary» halap, geýinenlerinde päsgelçilik döretmez ýaly edýärler». Şahsy aralyk – uly däl. Nämedir bir zat barada oýlanyp pikire batanlarynda olaryň nazary aşaklygyna gönükdirilen bolýar.

ç) audiallar – tejribäni sesleriňdir ýaňlaryň, sözleriň usti arkaly toplaýarlar. Adatça, olar köp gürlegen bolup, diňlemänem halaýarlar. Sesi aramlykdan bir äheňli, az-kem «mehaniki». Söhbetdeş bolanlarynda sesiň gowy eşidiljek aralygyny saýlap alýarlar. Gürleşenlerinde, pikirlenenlerinde telefon diňleýän ýaly görnüşde bolýarlar – başy az-kem gapdala gyşardylyp (çepe ýa-da saga), seredenlerinde göni garaýarlar.

3. Metamodelirleme we özüni alyp barşynyň modelirlenmegi.

Göni bolmadyk, gytak psihoterapiýa.

Komponentleri:

1. Bejeriş maglumatlarynyň berliş prosesi ýaşyryn bolup, göze ilmeýär:

– haýsydyr bir faktor, usul, zat bilen baglanyşdyrmak (plasebo ýaly);

– hereketlenme bejeriş täsiriniň ýetirilmeli wagtyndan süýşürilen: «Ynandyrma gizlin girelgeden girýär-de garawullardan, tankytdan, aň-düşünjeden sowa geçýär».

2. Şertli – reflektor baglanyşygynyň döredilmegi.

3. Ynandyrmanyň aýanlykda geçirilmegi.

4. Nämedir bir zada gönükdirilenlik (beýniniň nämädir bir zada kesgitli görnüşde reaksiýa bermä bolan ukyby);

5. Delillendirme.

**Plasebo – terapiýa.** Bu usul aramlaşdyrylan ynam döretmä esaslandyrylyp, onuň öňe sürýän pikir-düşünjesi «… göwnüňe ýaran bolsa ýakymly bolar?» diýilmeden ybaratdyr.

Tapgyrlary:

1. Bejerginiň geçirilmeli wagtynyň bellenilmegine garaşmak.

2. Ugrukdyrylmasynyň kemala gelmegi: aýratyn görnüşli bolan üýtgeşik derman ýa-da bejergi usuly babatdaky maglumatlaryň üçünji bir adamyň üsti bilen ýetirilmegi.

3. Manipulýasiýalaryň amala aşyrýan döwründe ynandyrmanyň geçirilmegi:

a) proseduranyň hakyky täsiri ýetirmeginiň üsti bilen (meselem, uglerodyň ikili okisli garylan wanna, elbetde, täsirini ýetirýär, soňra bolsa … adaty suwam täsir edýär);

b) alamatdan (meselem, «gerdejik kelle agyryny, myşsalaryň dartgynlygynyň gowşamagynyň esasynda aýyrýar).

4. Gaýtalanýan prosedura.

**Emosional – stres bejergisi we «kodirlemäniň» düzgünleri.** Ugrukdyrylan awersiýadaky ynanmaklykda esaslandyrylan usullar garaşlylyk keselleriniň, köplenç halatda meýli içgilere baglylykda ulanylýar. Semremegiň bejerilmeginde-de üstünlikli peýdalanylýar, has agdyk modifikasiýalary A. R. Dowženkonyň usulydyr. Usulyň yzygiderliligi:

1. Öz islegiň boýunça seans başlamazyndan 2-4-6 gün öň zäherleýji maddadan boýun gaçyrmak.

2. Seansa garaşylmakda dartgynlygy döretmek. Assistentleriň hem psihoterapewtiň düşündiriş söhbetdeşlikleri.

3. Käbir maddanyň dem alyş ýoly bilen (hloretil ergini bokurdaga pürkülýär) bedene girizilmegi we oňa islendik anestezirleýji täsiri ýetirýän dermanyň garylmagy. Şony nemli bardalaryň üstünden akydyp guýmak, damara we myşsa goýberilip stresli sözleri jümlesi bilen psihoterapewtiň aýdyşy ýaly etmek.

4. Awersiýanyň möhletini çäklendirmek, meselem, 1-2 ýyla çenli.

5. Başga maddalaryň kömegi arkaly, meselem, dermanlyk ösümlikleriň gaýnatmasy bilen «näbelli maddanyň» täsiriniň aramlyk görnüşde galdyrylmagy, usulyň mahabatlandyrylmagy.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009 I tom.

3. Türkmenistanyň ilatynyň saglygyny goramakda ulanylýan esasy derman serişdeleriniň milli formulýary. Aşgabat, 2011.

4. *Банщиков В.М, Кораленко Ц.П., Давыдов И.В.* Общая психопатология. Учебное пособие. – М., 1971.

5. *Жмуров В.А.* Психопатология в 2-х томах. Издательство Иркутского Университета. 1994.

6. *Каплан Г.И., Седок Б.Дж.* Клиническая психиатрия, в 2-х томах. Перевод с английского. – М., Медицина. 1994.

7. *Карл Ясперс.* Общая психопатология. Перевод с немецкого. Практика – М., 1997.

8. *Ковалев В.В.* Систематика и диагностика психических заболеваний у детей и подростков. – М., Медицина. 1985.

9. *Морозов Г.В., Шумский Н.Г.* Введение в клиническую психиатрию.

10. *Машковский М.Д.* «Лекарственные препараты», М., 2010.

11. *Осипов В.П.* Курс общего учения о душевных болезнях. – Берлин. 1923.

12. Общая сексопатология. Под редакцией Васильченко Г.С. – М, Медицина. 2005.

13. Психиатрия: национальное руководство. Под редакцией Дмитриевой Т.Б., Краснова В.Н., Незнанова Н.Г., Семке В.Я., Тиганова А.С., М. – ГЭОТАР-Медиа, 2009.

14. Руководство по наркологии в 2-х томах. Под редакцией Иванец Н.Н. – М., Медпрактика. 2002.

15. Руководство по психиатрии в 2-х томах. Под редакцией Тиганова А.С. – М, Медицина. 1999.

16. *Снежневский А.В.* Общая психопатология. – М, МЕДпресс-информ. 2001.

17. *Фридман А.С, Флеминг Н.Ф, Роберте Д.Г, Хейтман С.Е.* Наркология. Перевод с английского. – М, Издательство БИНОМ, Санкт-Петербург. Невский Диалект. 1998.

# MAZMUNY

Sözbaşy ..... 7

I BÖLÜM. PSIHIATRIÝANYŇ PROPEDEWTIKASY

1-nji bap. Psihiatriýanyň esasy aýratynlyklary we onuň beýleki lukmançylyk ugurlarynyň arasyndaky orny ..... 9

2-nji bap. Psihiatriýanyň gysgaça taryhy ..... 12

3-nji bap. Psihiatriýada kliniki barlaglaryň geçiriliş usullary ..... 14

4-nji bap. Psihiatriki kömegiň gurnalyşy we hukuk nukdaýnazary ..... 51

5-nji bap. Psihiatriki ekspertizalaryň görnüşleri ..... 54

II BÖLÜM. UMUMY PSIHOPATOLOGIÝA

6-njy bap. Umumy psihopatologiýa ..... 57

7-nji bap. Duýujylygyň we kabul etmegiň bozulmalary ..... 65

8-nji bap. Ünsüň bozulmalary. Üns bozulmalarynyň görnüşleri ..... 84

9-njy bap. Ýadyň (huşuň) bozulmalary. Dismneziýalar ..... 86

10-njy bap. Pikirlenmäniň bozulmalary. Pikirlenmäniň (oýlanmanyň) patologiýasy ..... 94

11-nji bap. Akyl bozulmalary ..... 115

12-nji bap. Emosiýalaryň bozulmalary ..... 121

13-nji bap. Erkiň we meýil – küýsegleriň bozulmalary ..... 136

14-nji bap. Hereket bozulmalary ..... 141

15-nji bap. Aňyň bozulmalary ..... 150

16-njy bap. Psihopatiýalar we olaryň esasy görnüşleri ..... 162

17-nji bap. Çagalarda psihopatologik alamatlaryň aýratynlyklary ..... 169

18-nji bap. Duýujylygyň we kabul etmegiň bozulmalary ..... 178

III BÖLÜM. KLINIKI BÖLÜMLER

19-njy bap. Organiki, şol sanda simptomatiki psihiki bozulmalar ................................ 184

20-nji bap. Şizofreniýa, şizofreniýa çalymdaş we paranoid bozulmalar ........................ 236

21-nji bap. Affektiw bozulmalar ........................................................................... 278

22-nji bap. Stres bilen baglanyşykly bolan newrotiki we somatoform bozulmalar ........................................................................................ 298

23-nji bap. Ýetişip akyly goýalyşan adamlaryň şahs bozulmasy we ulularyň özlerini alyp baryşlarynyň bozulmalary .................................................... 337

24-nji bap. Kemakyllylyk (oligofreniýa) .................................................................. 362

25-nji bap. Epilepsiýa (garaguşagyry keseli) ........................................................... 377

26-njy bap. Psihologiki ösüşiň bozulmalary. Gürleýişiň kämilleşmesiniň spesifiki bozulmalary ...................................... 390

27-nji bap. Psihiki bozulmalaryň bejerilişiniň umumy ýörelgesi, psihofarmakologiýa. Psihotrop derman serişdeleriniň umumy häsiýetlendirilişi hem toparlara bölünişi..................................................... 434

Peýdalanylan edebiýatlar ........................................................................................ 476

*Aşgabat Artyknurowiç Nohurow*

# PSIHIATRIÝA

Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin okuw kitaby



| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Orazmuhammedowa* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *J. Sopyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 05.04.2013. Ölçegi 70x100 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 39,0. Çap listi 30,0. Şertli reňkli ottiski 80,92.
Hasap-neşir listi 35,84. Sany 1000. Sargyt № 3273.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat Merkezi
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.